# J u m a  H u d a ý g u l y



# ÝERE GAÇAN ÝYLDYZLAR

*Roman*

Birinji kitap

## Aňzakly tomus

(XIX-XX asyr türkmen hronikasy)

### 1. Badalga

Türkmen topragy bilen Orsyýet baryp-ha on sekizinji asyryň başlaryndan bäri gyzyklanyp ugrapdy. Türküstanyň üstünden ähli Aziýa ülkelerine gapy açmak islegi bilen joşýan Peýotr birinji 1716-njy ýylda, Bekowiç Çerkasskiniň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýany Hywa ugradypdy. Ekspedisiýanyň maksady Orsyýetden Owganystana, Hindistana tarap açylmaly täze ýoluň ugrunda oturan türkmenleriň, şeýle hem Buharanyň, Hywanyň syýasy we ykdysady ýagdaýlaryny,

jugrafiýa taýdan ýerleşişini öwrenmekden ybaratdy. Täze açyljak ýol «Söwda ýoly» diýlip atlandyrylýardy. Ykdysadyýet bilen baglanyşdyrylýardy. Aslyýetinde welin, onuň aňyrsynda Orsyýediň ýaňy döräp ugran imperialistik-kolonyal syýasaty ýatyrdy.

Ykbaly pajygaly bolan hem bolsa, şol ekspedisiýanyä netijesinde Hazar deňziniň türkmen kenarlarynda «Mukaddes Pýotr», «Aleksandrowskoýe», «Krasnowodsk» ýaly ors harby berkitmeleri döredilipdi. Şonuň bilenem, türkmen topragyny özleşdirmekligiň ilkinji ädimleri ädilipdi.

On dokuzynjy asyryň birinji ýarymyndan başlap bolsa, Çeleken – Maňgyşlak aralygynda ýerleşen, goňşy parslardan ezýetler gören, san taýdan şeňle bir köp bolmadyk kenarýaka ýomut türkmenleri, hususan-da Japarbaýlarorslara edil bulutdan çykan güneş kimin garap başladylar. Güýçli döwlete arka dirän rahatlykda ýaşamak maksady bilen, Orsyýede raýat bolmaklyga meýil bildirdiler. Şol türkmenleriň hany Kyýat han öz halkynyň adyndan ak patyşa telim gezek haýyşnamalar iberdi. Şeýle haýyşnamalaryň iň ähmiýetlisini ol 1836-njy ýylda, Günbatar Türkmenistany geodeziýa we toponomiýa taýdan öwrenmek bahanasy bilen Ors hökümedi tarapyndan gurnalan ekspedisiýanyň ýolbaşçysy Karelinden iberdi. Ak patyşanyň diwanynda hatynyň ýüzüne-de seredilmejekdiginden bihabar han şonda obama-oba aýlanyp, her obanyň kethudasyna, hanyna begine barmak basdyrdy. Hamala bar meseläni şol çözýän ýaly, Kareliniň öňünde gözünden ýaşlar döküp aglady. Arzy-halyny, halkyň ýagdaýyny Onuň Aly hezretlerine ýetirmekligini haýyş etdi.

Emma Ors hökümedi şol wagt ýomutlary raýatlyga almaklygy özüne artykmaç ýük saýdy. Bu meselede hususan-da, Ors hökümediniň Maliýe ministri erjellik görkezdi. Ol öz garşylygyny ýomutlaryň dagynyk, yza galak, çarwa halkdygy, egerde olary raýatlyga alsalar şäherler, punktlar, şeýle hem keselhana, mekdep, telegraf, poçta desgalaryny, diwan jaýlaryny gurmaly boljakdyklary, demir ýol, çagyl ýol çekmek, köpri gurmak zerurlygynyň ýüze çykaňmagynyň hem ahmaldygy, ol zatlaryň bolsa döwlet gaznasyny ummasyz çykdaja goýjakdygy, olardan zyýandan başga hiç hili peýdanyň bolmajakdygy baradaky delliler bilen düşündirdi.

Şonuň bilenem ol mesele galdy. Çünki, olara şol wagt, raýatlyk däl-de, diňe ýol, geçelge, ötelge gerekdi. Şol ýoluň ugruny öz peýdalary üçin öwrenmek gerekdi. Çöl içinde agyp-dönüp ýörençarwa halkyň şol ýoluň öňüne böwet bolup biljekdigi barada welin pikirem etmeňürdiler. Çekinmeýärdiler. Äsgermeýärdiler. Üstlerini basyp geçip ötägidibermelidir öýdýärdiler.

Ýöne ine, on dokuzynjy asyryň ikinji ýarymyndan başlap türkmen meselesi olary bütinleý başga bir jähtden gyzyklandyryp, başlady we yzly-yzyna, öňki ekspedisiýalara düýbünden meňzemeýän harby otrýadlary türkmen topragyna

iberip ugradylar. Ýene-de ýol meselesini öňe tutdular. Türkmenleriň üsti bilen, bireýýäm Orsyýediň tabynlygyna giren Buhara tarap söwda ýoluny açmak isleýändikleri, ýerli halka hiç hili ýamanlyklarynyň ýokdugy, gaýtam söwda ýolunyň asuda bolmagy üçin türkmenleriň özlerinem eýranlylaryň çapawulçylyklaryndan gorajakdyklary barada wagyz-nesihat geçirdiler. Öwüt-ündewler etdiler. Öň ýalbarsalaram raýatlyga alman ýören halkyny, ak patyşa raýat bolmaklyga çagyrdylar. Kenar ýakasyndaky ýomut türkmenlerinden başlap tä Ahal ülkesine çenli bolan aralykdaky han-beglere hat üstüne hat gönderdiler. Dürli syýasatlar ýöretdiler. Syýasatlarynyň ýol almadyk ýerinde haýbat atdylar. Onda-da bolmasa, güýç ulandylar. Göz görkezdiler. Zorluk, sütem etdiler. Çapawulçylyk etmekdenem gaýtmadylar. Käte bolsa goňşy oturan parslar, kürtler bilen dilleşip türkmenleriň üstüne alamanlar gurnadylar. Olary näme üçin birden-kä beýle, gyssanmaçlyga düşdülerkä? Onuň sebäbi, nämekä? onuň sebäbi şol wagt Hindistanda agalyk edip oturan iňlisleriň Owganystanyň üsti bilen türkmen topragyna aralaşmak howpy döräpdi. 1878-nji ýylyň aýagynda iňlisler Kabuly, Gandahary eýeläpdiler. Eger-de Hyradam alaýsalar, onda olar Merkezi Aziýa, öňi bilenem türkmen topragyna süsňäp giräýmelidiler. Şonda tä Hazar deňzine çenli bolan aralyk olaryňeline geçýärdi. Deňziň aňry ýüzi, ýagny, Kawkaz tarapy bolsa Orsyýete degişlidi. Düýn-öňňünem özüniň owgan ülkelerine çenli baryp, şol ýerdenem Angliýa wehim salmaklygy, Hindistana täsirini ýetirip, iňlisleri şol ýerden kowup çykarmaklygy, olaryň şondan soňraky Ýewropada etjek hereketlerine çenli gözegçilik etmekligi arzuwlap oturan Orsyýet Beýik Britaniýa bilen hut şu ýerde, Hazar deňziniň Gündogar ýakasynda serhetleşmegi göz öňüne-de getirip bilmeýärdi. Ol öz serhediniň Hindiguş sakasy, Paropamiz örküji, şeýle hem Köpetdag gerişleri üzre geçmegini, agzalan ýerlerdäki daglaryň göwüslerinden syzyp demirgazyga we günbatara tarap ugur alýan ähli çeşmeleriň, çaýlaryň, birnäçe gollary bolan Amyderýanyň hem özüniňki bolmagyny isleýärdi. Şu şekildäki serhet hem-ä iňlislerden jugrafiýa taýdan aýratyn görkezmelidi, hemem Owganystanda bolsa-da, Hindistanda bolsa-da iňlislere birsyhly wehim salyp durmana ýardam etmelidi. Şonuň üçinem, ol ýeke bir ençeme ýyl bäri raýatlyga almaklygy özüne aýakbagy hasap edip oturan ýomutlaryň däl, eýsem Ahal tekeleriňem, Mary tekeleriňem üstünden basyp ötäge-de, iňlisleri iň bolmanda Şeýhi-Jüneýitde – Guşgyda garşylamaklygy ýüregine düwdi.

Entek bütewi bir döwlete öwrülip ýetişmedik hem bolsa orslar üçin kelle agyry bolup dörän türkmenler şol döwür jugrafiki taýdan ýerleşişleri boýunça üç bölekden ybaratdylar.

Birinjisi – iň uly hem orslar üçin iň ähmiýetli bölegi: Hazardan Amyderýa çenli, Garagumyň Demirgazyk çetinden Köpetdag eteklerine we Demirgazyk – Günortadaky Paropamiz örküjine çenli bolan aralykda ýerleşen Ahal hem Mary

tekelerinden, salyrlardan, saryklardan, kenarýaka ýomutlaryndan ybarat ZaHazar türkmenleridi.

Ikinjisi Hywa türkmenleri.

Üçünjisi bolsa Buhara türkmenleri.

Buhara 1868-nji ýyldan büri öz howandarlygynda bolandygy üçin, ol ýerdäki türkmenleriň özlerine bolan garaýyşy ors hökümedini gaty bir gyzyklandyrybam baranokdy.

Hywa türkmenleri bolsa 1873-nji ýylda Hywa hanlygy synandan soň güýç bilen boýun egdirilipdi. Ol boýun egdirilişik, «Gazawat gyrgynçylygy» diýen at bilen dünýä taryhyna girdi.

Birinji, topara degişli, ozaldanam orslara meýil bildirip ýören kenarýaka ýomut türkmenleri hiç hili garşylyksyz ak patyşanyň raýatlygyny kabul etdiler. Günbatarda Gürgen, Etrek, Balkan sebitlerinden başlap, Gündogarda Gyzylarbada çenli bolan aralykda ýaşaýan ýomutlar bolsa, Orsyýet ýaly uly döwlete garşy durup bilmejekdiklerine göz ýetirendikleri üçin, mejbury ýagdaýda boýun boldular.

Şeýlelikde, ors hökümediniň ýolunda duran esasy güýç- heniz ors ýaragynyň yzasyny dadyp görmedik, edilen ençeme töwellalara pitiwa etmedik Ahal, Mary, Pendi, Sarahsa, Şeýhi-Jüneýit türkmenlerinden ybaratdy. Öňi bilenem Ahaldan geçmelidi. Esasy güýjem şol ýerdedi, boýun sunmajakdyklaryny açykdan-açyk aýdýanam şolardy.

Onuň üçinem, bu ülkäniň üstünden arkaýyn ätläp, ötmekligiň aňsat bolmajakdygyna orslar gowy düşünýärdiler. Esasanam Mary tekeleriniň garyndaşlyk esasynda Ahal tekelerine birigäýmekleriniň ahmallygyndan howatyr edňärdiler. Üstesine şol döwür Mary bilen Ahal bir hanlyga birigpdi. Ahal hany Nurberdi han – hanlar hany edilip bellenipdi. Olara salyr, saryk, ýomut, gökleň başga-da birnäçe ownukly-irili türkmen taýpalary hem goşulyp başlapdylar. Ülke bütewi bir döwlet gurluşygyna tarap barýardy. Harby serenjamlar, ykdysady syýasat babatynda guramaçylykly hereketler edilýärdi. Çäreler geçirilýärdi. Hemişelik hereket edýän goşun, wagyz-nesihatçylar, aňtawçylar toparlary, kazyçylyk diwanlary döredilýärdi. Bu tutumyň başynda esasan Ahal hany Nurberdi han bilen Mary hany Gowşut han durdy. Gyzgyn sähranyň içinden «mesaňa» diýäge-de, ýok ýerden, täze bir döwletiň döräýmek howpy elbetde, goňşy döwletleriň, hiç biri üçinem ýakymly däldi. Bu ýagdaý esasanam keranýaka ýomutlaryňam öz tabynlyklaryndan çykyp şol döwlete goşulaýmaklaryndan heder eden orslaryň gonjuna gor guýdy. Çünki, gödek hereketleri bilen olar eýýäm ýomutlaryň ýigrenjini gazanypdylar. Başda olaryň halasgärçilikli missiýasyna ynanan ýomutlar özleriniň ýagyşdan gaçyp damja uçrandyklaryna, ors raýatlygynyňam Hywa Buhara ýa-da Eýran raýatlygyndan erbet bolmasa enaýy däldigine göz ýetiripdiler we gysaçdan sypmak üçin gaça uruşlar edip, olardan

sypmagyň her hili çürelerini ýollaryny agtaryp başlapdylar. Ahal ülkesine ors goşunlary bilen bilelikde ýörişe gitmeklikden kes-kelläm boýun gaçyrypdylar. Öň olara goşun üçin satan düňelerini yzyna gaýdyp alypdylar. Ýaňy döräp gelýän türkmen döwletine hakykatdan-da birikmeklik meýline ýüz urup başlapdylar.

Bu täzeligi ýitilik bilen synlap duran ors razwedkasy öňi bilen täze hanlygyň başynda duran Nurberdi hany hem-de Gowşut hany aradan aýyrmaklygyň gamyny iýip ugrady. Sarahsdan Mara göçülip gelineli bäri il içinde suw satyn, çilimsazlyk edip, derwüş sypatynda gezip ýören, halk arasynda Aly mülhit ady bilen tanalýan jansyzyna Gowşut hany ýoklamagy buýurdy. On bäş ýyl bäri Maryda bolýan wakalary ors merkezine habar berip ýören bu ors ofiseri tabşyryk alandan soň basym Gowşut hana golaýlaşmany başardy we aýakgabynyň içine iýji döküp ejirli ölüme sezewar etdi. Dabany çüýräp ugran Gowşut han başda aýagyny topukdan kesmeklerini tebiplerden haýyş etdi. Emma onuň bu haýyşyny ýerine ýetirip bilmediler. Ýara has beterleşiberende dyzyndan aşagyny kesmeklerini buýurdy. Onuň bu haýyşam ýerine ýetmedi. Ahyrsoňunda ol: «Belanyň körüginiň nirededigini men aňýan. Şonuň üçinem, çatalbadan kesip aýryň, dilim gepläp dursa şol orsy şu topraga getirmen» diýdi. Emma muňa-da hiç kim het edip bilmedi.

Şeýdip Sarahsda Hywa hany Mädemin hanyň, Maryda Eýran serkerdesi Hemze Mürzäniň birnäçe müňlük, toply-ýaragly goşunyny sadaja ýaraglanan türkmen ýigitleri bilen kun-peýekun etmekligi başaran meşhur serkerde tüýs gerekli wagtynda dünýäden ötdi. Ýaňy döräp gelýän türkmen döwletiniň bir sütüni syndy.

Şondan soň Aly mülhidem zym-zyýat boldy.

Iň ýakyn egindeşiniň aradan çykandygyny eşidip Nurberdi han: «Wah, bir omurdanym aňrylan ýaly boldy» diýip «ah» çekdi.

Indi gezek onuň özüniňkidi. Ýöne orslar birnäçe ýyl bäri onuň bilen başgaça oýun edip gelýärdiler. Ýomutlaryň arasynda ymykly ornaşanlaryndan soň, olar oňa häli-şindi sylag-serpaýlar, hatlar, haýyşnamalar iberýärdiler. Onuň hanlygyny ykrar edýändikleri barada ähli türkmen serdarlaryna, han-beglerine nama yzyna namalar gönderýärdiler. Şoňa tabyn bolmaklaryny talap edýärdiler. Nurberdi handan idin haty bolmasa, Mihaýlowsk aýlagynda Bakuwa, Astrahana gidýän türkmenleri parahoda mündürmeýärdiler. Orslar Nurberdi hanyň üsti bilen Ahalyň baş serdary bolan Dykma serdara-da, ile-güne täsirini ýetiribilýän beýleki han-beglere-de sylag-serpaýlar iberýärdiler. Şol sylag-serpaýlary Nurberdi han «kapyrdan bir gyl ýolmagam peýda» diýen nakyla eýerip kabul edýärdi. Şol harajatlary başardygyndan il-günüň derwaýyslyklaryna ýaratjak bolýardy. Beýleki han-beglere-de şeýtmekligi sargaýardy. «Elbetde, «bir emmasy bolmasa, guýruk

munda ne ýatyr» diýipdirler, bu zatlaryňam aňyrsynda nämäniň ýatandygyny soň görübiris. Ýylan näçe egrem bolsa hinine girjek bolanda gönelýändir» diýýärdi.

Para-peşgeşli pirimleri paşmanyndan soň, barlag-serenjam bahanasy bilen orslar kem-kemden Ahal ülkesine tarap süýşüp başladylar.

1872-nji ýylda patyşa goşunynyň polkownigi Stoletow bir müň ýedi ňüz adamdan ybarat otrýada baş bolup, Amyderýanyň köne ugry bilen ilki Igdi guýusyna, ondanam Gyzylarbada gelipdi we tekeleriň arasynda bir aý bolupdy. Türkmenler bilen dostlukly aragatnaşyk açmak isleýändiklerini aýdypdy. Ondan soň Zawa, Gyzyl çeşmä, Bama, Börmä barypdy. Börme hany Dykma serdar bilen duşuşyp, hoşnutdan-hoşnut sözler aňdyşypdy. Özüni adamkärçilikli, mylakatly alyp barypdy. Serdaryň özüniňem orslar bilen parahatçylykly gatnaşyklaryň açylmagyna garşy däldigini eşidip begendi. Ahalyň beýleki han-beglerini hem şu pikire çagyrmagyny haýyş edipdi. Şular ňaly uly tutmly döwlet işine ýardam edibilse, eden ýagşylyklarynyň ýele gitmejegini, ors hökümeti tarapyndan hemişe, hemmetaraplaýyn goldanyljakdygyny ýaňzydypdy.

Egerde syýasy ýagdaý şol gidişine giden bolsady, ors ofiserleriniň hemmesi özüni Stolew ýaly sypaýy alyp baran bolsadylar, onda ors-türkmen gatnaşyklarynyň parahatçylykly ylalaşyklara tarap ugur alyp gidibermegem ahmaldy. Ýöne, ak patyşanyň hemme ofiseri Stoletow ýaly däldi. Syýasy ýagdaýy edil öz hususy häsiýetine görä çözer ýaly Stoletowam Orsyýetiň birinji adamy däldi. Ol bary-ýogy harby gullykçydy we diňe öz otrýadyna, şeýle hem özüne buýrup bilýärdi. Ýerli halk bilen geçirýän mylakatly çäreleriniň aňyrsynda öz döwletiniň basybalyjylykly syýasatynyň ýatandygyny, bu ülkä uly goşun girenden soň görlüp-eşidilmedik wagşyýana hereketleriň başlanjakdygyny göz öňüne-de getirip bilmeýärdi. Onuň öz niýeti gowudy we niýetine görä-de hereket edýärdi. Stoletowyň öz ýany, yz otrýady bilen Krasnowodskiden başlap Bama, Börmä çenli ýöriş eden polkownik Markozowyň – tekeleriň soň-sopňlar ýigrenç bilen atlandyryşlary ýaly Margöziň, ýagny Ýylangözüň özýni alyp barşy welin ak patyşanyň kolonial syýasatynyň hakyky keşbini açyp görkezdi.

Ol ýerli halka ýeke bir özüni däl, eýsem öz arkasynda durýan uly bir döwletem ýigrendirdi. Baran ýerinde türkmenleriň gara öýlerini, aýak ulaglaryny, ýükçi mallaryny zor bilen ellerinden aldy, halka göwnüýetmezçilikli garady, kemsindiriji sözler aýtdy. Gojalary urup-sögen gezeklerem boldy. Şular ýaly nadan, ýabany halk bilen dagam adamkärçilikli gepleşiker geçirip, halys eljiredendigi üçin otursa-tursa öz ýanyndan söge-söge Stoletowyň dagy abat ýerini goýmady.

Özüniň şolar ýaly gödek hem hususy herektleri bilen ol türkmen halkynyň Orsyýede bolan ynsanperwerçilikli garaýyşynyň öňýne uly böwet goýdy.

Ýöne, patyşa goşunlarynyň, ofisserleriniň şondan soňky, onda-munda eden hereketleri welin «Ýylan gözüň» dagy çeni-çaky bolmady.

Şol ýylyň tomsunda, ors goşunlarynyň Hywada oturan gazawatly ýomutlaryň başyna salan betbagtçylykly wakasy bolsa, külli türkmen halkynyň, şol sanda Ahal tekeleriniňem süňňüni sarsdyrdy. Hemmesiniň ýüregini terikdirdi. Hemmesinde ors döwletine bolan gahar, gazap döretdi.

Gazawat gyrgynçylygy ors hökümediniň türkmenler babatda şol çaka çenli geçiren gandöküşikli çäreleriniň ilkijisi bolmasa-da, hem möçber, hem geçirliş usuly taýdan iň aýylgançydyr.

Eýsemde, bolsa Gazawat gyrgynlygynyň sebäbi näme?

Dogry, haýsy ýerde ýaşasa-da öz erkinligini saklamagy başarýan türkmenler Hywada oturan bolsalar-da, hiç haçan Hywa hanynyň raýatlygyny kabul etmändiler. Oňa boýunbolmandylar. Pajam tölemändiler. Gazy-haşar işlerine-de gatnaşmaýardylar. Olaryň arasynda: «Laýa bulaşandan gana bulaş» diýen ýaly özbaşlaryna, ýörite nakyllaram bardy.

Ýöne olaryň hana ýaramly taraplaram kändi. Özleriniň raýat däldigine garamazdan, başga halklary öz tabynlygynda saklamagy üçin hana ýakyndan kömek berýärdiler. Içki we daşky duşmanlardan goraýardylar. Özlerem şol işleri uly höwes bilen ýerine ýetirýärdiler. Mahlasy, hanyň harby daýanjy bolup durýarydlar. Hut şol häsiýetleri üçinem han hemişe olar bilen ylalaşykly ýaşaýardy.

Orslar Hywa hanlygyna çozanlarynda-da, olara garşy diňe türkmenler çykypdylar. General Werewkin toplaryny «gümmürdedip» Hywa girenden, gorkusyndan ýaňa huşy başyndan göterilen han köşgüni taşlap gaçypdy, hyzmatkärleri, janpenalary bolsa goramakdan geçen, gaýtam oňa dönüklik edipdiler. Tagtyny bolsa ur-tut dogany eýeläpdi. Ine, hut şol kyn pursatda hem ony türkmenler penalapdylar. Gorapdylar. Öz aralarynda saklapdylar.

Han iň bolmanda şojagaz hyzmatlary üçinem türkmenler babatda beýle haýynlyk etmeli däldi. Hyýanatçylykly sözler aýtmaly däldi. Olaryň mertligi, merdanalygy, beren sözlerine wepalydyklary, özüni birsyhly gorap gelendikleri barada aýtmaýanlygynda-da, beýdip oduň içine bir itermeli däldi.

Emma ol amatly pursat geldi hasap etdi we öňki-soňky öjüni orslaryň eli bilen almak üçin Kaufmany türkmenleriň üstüne küşgürdi. Üstesine, türkmenleri asylam öz tabynlygynda artilleriýasyz saklap bilmejekdigini bahanalap, Hywa boýun egdirilende orslara olja düşen 18 topunam yzyna diläp aldy.

General Kaufman hana ynandy we şondan soň Hywaly türkmenlerden salgyt ýygnamaklygy öz üstüne aldy. Ol bu çäräni amala aşyrmaklygy näme üçindir ýomutlardan başlady we iki hepdäniň içinde 41 000 funt sterlinge barabar 300 000 manat pul getirip tabşyrmaklygy olardan talap etdi.

Elbetde, ors hökümediniň Hywa hany däldigini türkmenler ýagşy bilýärdiler, şonuň üçinem, beýle gysga möhletiň içinde onça puly töläp bilmejekdiklerini ýomutlardan gelen on iki ilçi Kaufmana elin aýtdy we möhletiň biraz uzaldylmagyny haýyş etdi.

Berilen möhletiň hakykatdanam juda azdygyny general Kaufmana onuň öz ofiserlerem aýtdylar. «Munuň şeýledigini özüňizem aňýansyňyz, ýöne, siz hanyň çoçgaryna çolaşdyňyz, türkmenlerden ähtiýalanlyk hem namartlyk bilen ar almak isleginiň amala aşmagy üçin onuň elindäki ýaraga öwrüldiňiz» diýdiler.

Emma general olara gulak asmady. «Gözlerini gorkuzmasaň türkmenleriň ýaraglaryny ymykly taşlajakdyklaryna güwä geçip bolmaz. Şeýtsek özbeklere-de sapak berdigimiz bolar. Onsoňam türkmenler garaşsyzlygy janlaryndanam eý görýärler. Bu bolsa biziň iň bir ýigrenýän zadymyz. Bulary barybir bir hökümede, iň bolmanda, häzirlikçe, Hywa hanyna boýun bolar ýaly etmek gerek. Möhlet barada aýdylanda bolsa, onuň gysgadygyny menem bilýän. Ýöne, maňa geregem şol. Şol möhletiň içinde şolaryň şony töläp bilmezligi. Olary urup mynjyratmak üçin bahanyň döremegi. Görýän welin siziň syýasatdan gaty bir başyňyz çykanok ýaly» diýip, gaýtam olaryň özlerini haýalçyratjak boldy.

Şeýdubem, 1973-nji ýylyň 19-njy iýulynda, ýagny, ors goşunynyň Hywa gireninden bäş hepde soň, Kaufman general – Maýor Golowaçýowyň ýolbaşçylygy astynda, pyýada goşunyň sekiz rotasyny, kazaklaryň sekiz ýüz atlysyny, on top, iki mitrileza bilen ýaraglanan raketaçylar batareýasyny ýomutlaryň oturymly ýeri bolan Gazawata ýollady.

Üstesine, Kaufman ýomutlardan gelen on iki ilçinem yzyna goýbermedi. Tussag etdi.

Golowaçewyň ýomutlaryň boşap galan obalaryny nähili oda berendigini, gaçgaklaryň yzyndan ýetip olary nähili ýowuzlyk hem naýynsaplyk bilen gyrandygyny, şol goşunyň içinde bolup ähli zatlary öz gözi bilen gören, «Nýu-Ýork gerald» atly amerikan gazetiniň habarçysy Mak Cahan özüniň 1874-nji ýylda, iňlis dilinde neşir edilen «Oguzlaryň üstüne ýörüş we Hywanyň syndyrylmagy» atly kitabynyň «Türkmenler» atly üçünji böleginde jikme-jik beýan etdi.

Ol türkmenleri Orta Aziýanyň iň edermen, urşujy halky diýip atlandyrýar. Edilen ýörüşiň netijelerine gynanýar. Orslaryň şolar ýaly eden-etdilikli syýasatyny ýazgarýar. Başdanaýak türkmenlere duýgudaşlyk bildirýär.

«Ýomutlar derbi-dagyn edildi, gyrgynçylyk görlüp-eşidilmedik derejä ýetdi. Köp sanly mallary olja alyndy. Gyşa niýetläp goýan basylgy bugdaýlary, azyk önümleri ýok edildi. Hatda entek döwlüp ýetişilmedik bugdaý harmanlanlaryna çenli ýakyldy. Obalarynyň ornunda bolsa diňe kül üýşmekleri galdy. Ýörüşiň dowamynda obalaryna dolanmaklygy, boýun egmekligi

hyýallaryna-da getirmezlikleri türkmenleriň ruhlarynyň mizemändiginden habar berýärdi» diýip, Mak Cahan ýazgysynyň soňunda belläp geçýär.

Onuň aýtmagyna görä, ýomutlar tä, Kaufman Buharanyň üsti bilen Daşkende tarap ýola düşýänçä, ummasyz kynçylyk çekendiklerine garamazdan boýun sunup gelmändirler we birnäçe hepdeläp, ymgyr çölüň içinde enäp-tenäp gezipdirler. Olaryň birnäçeleri Hazarniň kenarynda, Etrek sebitlerinde ýaşaýan taýpadaşlarynyň arasyna gidipdirler. Şolaryň belli bir böleginiň ahal tekeleriniň arasyna gaýdandyklaryny hem žurnalist inkär edenok.

Onuň tassyklamagyna görü, ýomutlary bir ýüzli edenden soň general Kaufman Hywada ýaşaýan beýleki türkmen taýpalaryna hem bir hepdäniň içinde her öýden 5 tylla, ýa-da 4 funt sterling we 1 şilling, jemi 42.500 funt sterling tölemegi buýrupdyr. Türkmenler iki günden soň Kaufmana özleriniň birnäçe müň manada barabar bolan kümüş pullaryny, bileziklerini we şuňa meňzeş beýleki bezeg şaýlaryny getiripdirler.

Aslyýetinde Orsyýediň Hywa hanlygynyň üstüne sürnüp gelmegine näme sebäp bolupdyr? Mak Cahan onuň göze görnüp duran iki sany sebäbini salgy berýär. Birinjisi: Hywalylar şol wagt orslardan ýigrimi bir sany adamy ýesirlikde saklaýan ekenler. Olar diňe ýörüş başlanmazynyň öň ýany boşadylypdyrlar. Ikinjisi: Hywalylar birsyhly ors täjirleriniň kerwenlerini talaýar ekenler. Hywa hanynyň bolsa ýa-ha olara «haý-küş» edesi gelmeýän ekeni, ýa-da hökmi ýöremeýän bolmaly.

Göräýmäge urşuň turmagyna şu iki ýagdaý sebäp bolan ýaly. Ýöne, Mak Cahan sözüniň dowamynda bu işiň syýasy tarapynyň has ähmiýetli bolan bolmagynyň ahmaldygyny habar berýär. Ýagny, Hywa şol wagt Orta Aziýada Orsyýediň tabynlygynda bolman galan ýeke-täk hanlykdy. Buhara bolsa ençeme wagt bäri ors hökümediniň howandarlygynda otyrdy. Egerde Hywany basyp alsa, onda, onuň serhedi Buharanyň aňry ýanyndaky derýanyň ýakalaryna çenli uzalyp gitjekdi. Ol şuny isleýärdi, şol maksadyna hem ýetdi. Üstesine hanyň ygtyýarynam öz eline aldy. Tutuş hanlygy jylawlady. Iru-giç baş göterip biläýjek türkmenleriň gözüniň oduny aldy, derbi-dagyn etdi. Henizem öňki hanlygyna eýe bolup oturandygyna garamazdan, basylyp alynandan soň Hywa hany orslardan bidin bir ädimem ädibilmedi. Netijede, hanlygyň ilaty hem öz-özünden orslaryň raýatyna öwrüldi. Mahlasy, şondan soň orslar Hywa edil, öz öýlerine gelen ýaly arkaýyn geldiler, gitdiler, girdiler, çykdylar, edenlerini etdiler, goýanlaryny goýdular. Çünki, Hywa hany bilen ors hökümediniň arasynda uruşdan soňky baglanyşylan şertnamanyň şerti şeýledi,

Olar ýeke bir Hywada däl, türkmen topragynda-da şeýdip, özlerini erkin duýmak isleýärdiler. Ýerli halkyň öz öýünde özüni hojaýyn hökmünde duýmagyny bolsa olar halamaýardylar. Bu olaryň edähetlerine-de, syýasatlaryna-da ters gelýär.

Uly maksada ýetmek üçin olara ýerli halkyň üstünden gülmek ýa ýol çekip geçip gidibermek ýeterlik däldi, tersime, ýerli halk öz öýünde özüni saýry saýmaly, bigäne, erksiz duýmaly. Sustlary pes, göwünleri çökgün bolmaly. Önüp-ösjekleriniň beýnisinde «gul» psihologiýasy döremeli.

Hywanyň basylyp alynmagam, Gazawat urşam hut şol maksat bilen, hususan-da külli türkmeniň, şol sanda ahal tekeleriniňem gözlerini gorkuzmak üçin amala aşyrlan bolmaly. Olaryň çak edişlerine görä, Gazawatda bolan işi ýatlap ahal tekeleriniň aňy üýtgemelidi. Ýetip gelýän ors baýarlarynyň öňünde ýaýaplamalydylar. Garşylyk görkezmeg-ä beýlede dursun, hat-da öňlerinden duz-çörekli çykanlarynda-da uýluklary sandyramalydy, dişleri şakyrdamalydy.

Ýöne, Mak Cahan sözüniň soňunda: «Orslar Hywany basyp alandan Hindistana ýöriş eden bolsalar özleri üçin bähbitli bolardy», diýen netijä gelýär. Çünki, ors hökümetiniň Petr birinjiden bäri edip gelýän arzuwy, ahyrky maksady şol. Hindistan. Hususan-da, Owganystanyň üsti bilen Orta Aziýa gözüni dikip gelýän iňlisleriň seňrigine kakmak. Ýollaryny beklemek. Ýöne, şol ýörişi amala aşyrmak üçin daýanç nokady, berkitme ýa başga bir harby bähbit hökmünde hem Hywanyň hiç hili ähmiýeti ýok. Ýagny, şol wagtky mümkinçiliklere görä, Orsyýediň Hindistana ýöriş etmegi üçin Orta Aziýa iki sany amatly ýol bardy.

Birinjisi: Hazar deňziniň günorta kenar ýakasy bilen, Persiýanyň Hyrada çenli bolan demirgazyk serhetleriniň üstünden tä, Hindistana çenli uzalyp gidýän, müň mile golaý ýol. Egerde, ýöriş şu ýol arkaly amala aşyrylsa, onda, ors hökümediniň şol harby ýörüşine Hywanyň jinnek ýalyjagam peýdasy ýok. Bu, kartadanam görnüp dur.

Ikinjisi: Samarkantdyr Buharanyň üstünden geçip Kerkä, ondan aňryk Amyderýanyň kenar ýakasy bilen Owganystanyň Gunduz şäherine barmaly. Kerkiden üç ýüz ýetmiş mil demirgazyk – günbatarda ýerleşýändigini nazara alsaň, onda Hywa orslaryň bu harby ýöriş ýolundanam ep-esli sowa düşýär. Ýagny, bu ýol arkaly ediljek ýörişde-de Hywanyň, orslara hiç hili ähmiýeti ýok.

Mak Cahanyň şu oýlanmalaryndan ugur alsaň, onda, orslar Hywany harby ýa syýasy maksatlar üçin däl-de şol ýerdäki türkmenler meselesinden dynmak üçin alan ýalam bolup dur.

Çünki, öňde belläp geçişimiz ýaly orslar üçin edil şol wagt esasy maksat Hindistana tarap ýöriş etmek däl-de, alaňlaryň aňyrsyndan alamlarynyň ýokary ujy görnüp ugran iňlisleriň öňüni çolamakdy. Ors hem-de iňlis imperiýasynyň aralygynda ýerleşýän, içinde dürli türkmen taýpalary agyp-dönüp ýören çäksiz giňişligi mümkingadar iňlislerden öňräk eýelemekdi, şol çäkdäki entek bütewi bir döwlete öwrülip ýetişmedik, dagynyk türkmen taýpalarynyň agyzlaryny öňküdenem beter alartmakdy, birdenkä birleşäýmezlikleri, bir güýje öwrülip

öňlerinde ullakan päsgelçilikleri döretmezlikleri üçin olary, ýeke-ýekeden çympytrak edip çykmakdy.

Goňşy oturan hem bolsa, ol giňişlige häzire çenli Persiýa dawa edenok. Bu orslar üçin gowy. Amatly.

Iňlisleriň Ýewropada uruş etmek meýilleriniň bardygyny bolsa Bosfor wakalary görkezdi. Şonuň üçinem, iňlisleriň gündogardaky imperialistik meýillerine ors hökümeti garşylyk görkezmän durup bilmez. Hindistan meselesi bolsa biraz soňrak. Onuň gitjek ýeri ýok. Ol garaşar.

Hawwa, Gazawatda bolan şol wakalar ors hökümetiniň düýp maksadyny külli türkmen halkyna äşgär etdi. Bu syýasy ýagdaýy öňi bilenem ençeme ýyl bäri orslaryň üns merkezinde duran Ahal tekeleri duýdy.

1878-nji ýylda, ors goşunynyň ofiseri general – maýor Lomakin tarapyndan hiç bir sebäpsiz ýere Hojagalanyň weýran eedilmegi bolsa orslaryň Ahalda, mundan bu ýana nähili hereket etjekdiklerini gutarnykly aýan etdi.

Umuman, olaryň ençeme wagt bäri bu ülkede edip gelýän elmaýyşlyklarynyň, para-peşgeşleriniň, ýalan ýylgyryşlarynyň aňyrsy göründi. Matlap belli boldy. Nurberdi hanyň aýdyşy ýaly, ýylan hinine girjek wagty däl-de, hininden çykjak wagty göneldi. Ahal tekeleriniň ors raýatlygyny kabul etmeg-ä däl, eýsem olaryň üstlerinden geçip gitmeklerine-de ýol bermezlik baradaky oň-pikirlerini has hem çuňlaşdyrdy.

Muny ors hökümediniň özem duýdy. Ýöne, indi yza ýol ýokdy. Sähelçe haýal-ýagallyk edildigi, ors aýysy bilen iňlis şiriniň Hazar deňziniň gündogar kenarynda garpyşaýmagy juda ahmaldy. Hywaly ýomutlary mugyra getirip bilmeýändigine jany ýanyp duran ors hökümeti indi Ahal tekeleri bilen degdim-gaçdym etmesini goňup, belli bir netijä gelüňmelidi.

Şonuň üçinem, ol 1878-nji ýylyň başynda, öňki sypaýyçylyklaryndan el çekip, Ahalteke ülkesine harby ýöriş etmek barada ýörite karar çykardy. Onuň goşun başlyklygyna bolsa, ors-türk urşunda meşhurlyk gazanan, tejribeli serkerdeleriniň biri, general – adýutant Lazarew bellendi.

Gazawadyň başyndan inen howp indi Gökdepäniň üstüne abandy.

## 2. Ýörişe taýýarlyk.

Ýörişiň taýýarlyk nokady hökmünde ýa Krasnowodsk ýa-da Çekişler saýlanyp alynmalydy.

Şeýle seredeniňde Krasnowodsk amatlydy. Sebäbi, o kenardan gelen üsti ýükli gämiler bu kenardaky gämi duralgasyna arkaýyn ýüzüp gelip biljekler. Ýükleri düşürmek, daşamak aňsat hem çalt boljak. Gaýdyr-tupanam häli-şindi bolup duranok.

Çekişlerde welin Huda gün berse tot-tozan. Ýel. Harasat. Gözüňi açar ýaly däl. Üstesine-de, kenarýaka suwlaryň ýalpaklygy zerarly gämilerem kenardan bäş-alty wýorst uzaklykda labyr taşlamaly boljak. Getirilen ýüklerem şol ýerden türkmen gaýyklaryna ýükläp alyp gaýtmaly. Ýöne, o gaýyklaram kenara bary-ýogy ýarym wýorstdan artyk golaňlap bilmeýärler. Şonuň üçinem, şondan beýläk ýükleri soldatlar ýakyp barýan Günüň aşagynda, çermeklerine çykyp duran suwuň içi bilen , arkalarynda daşamaly. Atlary gämiden gös-göni suwa bökdürmeli we suwuň içi bilen idip gaýtmaly. Gaý-tupan güýjerlän wagty bolsa işi büs-bütin togtatmaly. Bu zatlaryň barysynyň birigip işi haýallatjakdygy we iňňän uly kynçylyklar döretjekdigi görnüp dur.

Şeňle-de bolsa, ors komandowanibesi Çekişleri saýlap aldy. Çünki, ýaňky agzalan ähli kynçylyklara garamazdan Çekişlerden Ahala çenli geçilmeli aralygyň suw üpjünçiligi gowy. Suwsuz geçilmeli menziliň iň uzagy Tersakandan Hojagala çenli bolup, o-da bary-ýogy kyrk alty wýorst.

Krasnowodskiden ugradylsa welin goşun Gyzylarbada barýança biri ýetmiş, beýlekisi bir ýüz otuz wersit bolan iki sany suwsuz aralygy geçmeli. Bu bolsa ýanar yssynyň içinde uly kynçylyk döretjek. Heläkçilige sezewar edäýmegem ahmal.

Ikinjidenem, Çekişler Eýranyň ilatly we mes toprakly welaýatlaryna golaý. Şonuň üçinem, iki taraplaýyn gol çekilen şertnama görä, Eýran tarapyndanam azyk, ot-iým, ulag meselesinde yzygiderli goltgy berlip duruljak.

Bary-ýogy on-onbäş öýliden ybarat Çekişler obasyny orslar ilkinji gezek 1871-nji ýylyň dekabrynda, Hywa ýörişi taýýarlanýan döwürde eýeläpdiler. Ony goňşy obalardan düýe satyn almak, toplamak üçin merkezi nokat hem-de harby baza hökmünde ulanypdyrlar. Etrek derýasynyň ugrunda barlag-serenjam işleri geçirilende käte bir geluip, gonup-göçüp gidendiklerini hasaba almasaň, olar şondan soň Çekişlerde görünmediler.

Ak patyşanyň Ahalteke ülkesine goşun ugratmak baradaky kararyndan soň welin, general Lomakiniň barlag geçiriji otrýady bu ýerde ymykly ornaşdy.

Şondan soň Çekişler ýene-de uly bolmadyk harby berkitmä öwrüldi. Ol ýerde hemişelik garnizon döredildi.

Ýöne taýýarlyk işleri welin ofiserleriň göwünleriniň isleýşi ýaly gyzgalaňly gidibermedi. Çünki, ähli zat deňziň, howanyň «keýpine» bagly. Işlän güni üçin iki manat, bökdenen günleri üçin bir manat tölenýän hakyna tutma türkmen gaýykçylary tupan mahalym, hiç bir öwüsginsiz tüp yssy mahalam işläp bilmeýärdiler. Deňizde asudalyk höküm sürüp, ýelkenlere gop berer ýaly sähelçejik şemal öwsen güni welin iş diýseň şagalaňly gidýärdi.

Daşalýan ýükler esasan ok-ýaragdan, azyk önümlerinden, ýöriş wagty soldatlara gerek boljak geýim-gejimlerden, gap-gaçlardan we beýleki

derwaýyslyklardan, şeýle-de, berkitme üçin derkar bolan tagta, pürs, çüý ýaly gurluşyk serişdelerinden, poçtadan hem-de ýolagçylardan ybarat. Gämiden kenara ýük daşaýan türkmen gaýyklarynyň arasynda bir barkas we «Araks» atly onçakly uly bolmadyk gämi hem bar.

O kenardan, ýagny, Bakuwdan ýük getirýän uly gämiler «Kawkaz we Merkuriý» atly gämiçiler jemgyýetine degişli bolup, olar hökümet tarapyndan haklyna tutulan. Şonuň üçinem, işiň haýal-ýagallygy, gämileriň uzak wagtlap ýük basyp durmaklygy, taýýarlygyň uzaga çekdirilmegi döwletiň gaznasyna çak edilişindenem çökderräk düşýärdi.

Bu ýagdaý türkmen gaýyklarynyň kenara bökdençsiz baryp bilmegi üçin ýörite gämi duralgasyny döretmekligiň zerurdygyny ýüze çykardy.
Hut şeýle hem edildi. Goşun bölümleriniň yzygiderli gelip durmagy, söwdagärleriň peýda bolmagy Çekişleriň ýaýrawyny birneme giňeltdi.

Ors, ermeni, söwdagärleriniň çalamydar çatmajyklarda açan dükanjyklary, meýhanalary, fransuz zenany mademauzel Paulina Lallijonyň meýhanasy bolsa ony şäherjige meňzetdi. Durşy bilen nazu-kereşme bolup duran bu zenan ýaşlygynyň sowulandygyna garamazdan göz oýnadyp, gaş kakyp, syrtyny bulap, diliniň çöwjagazy bilen dodagyny ýalap, bir gepläp iki gülüp heleýbazrak ýigitleriň enter-peleklerini öwürýär. Jürlerini dikmänem goýberenok.

Käte şäherjige golaý Esenguly obasyndan ýomutlaryň japarbaý tiresine degişli bolan türkmenler gelýärler, her dürli ir-iýmişler, nan, düňe çal, haly satýarlar.

Basym köçelerem peýda bolup başlady. Ol köçeleriň iň esasyny, ýagny kenar bilen ugurdaş gidýän berkitmäniň orruk-ortasyndan zowwam geçýän uly köçäni soldatlar özara degişip: «Ahal prospekti» diýip, atlandyrdylar. Berkitmäniň orta gürpünde goşunyň ştaby ýerleşdi. Ştab gara öýlerden ybarat bolup, ýerleşişi boýunça agzy deňze garap duran nala meňzeýär. Şol nalyň ortasynda generalyň stawkasy ýerleşen. Stawkanyň ýeňsesinde garawul wyşkasy dikilen. Onuň depesinde Orsyýediň milli baýdagy pasyrdap dur. Öňündäki meýdançada bolsa soldatlar gije-gündiz nyzama durýarlar.

Taýýarlyk işleri welin barybir ilerläberenok. Hökümet tarapyndan berlen möhlet tamamlananda, goşun entek Çekişlerde doly jemlenibem ýetişmändi.
Bu iş diňe 1879-njy ýylyň iýun aýynyň ahyrynda tamam boldy. Goşunyň bu gezekki möçberiniň Merkezi Aziýa edilen öňki ýörişlerdäkisinden has uludygyndan çen tutup, soldatlar öz öňlerinde duran wezipäniň hele-müçük däldigini-de, Ahalteke ülkesine edilýän öňki degdim-gaçdymly çapawulçylyklara meňzemeýändigini-de çaklaýardylar. Şeýle-de, olar çöl içinde çokaýynyň bagyna çolaşyp, ygyp-tozup ýören çarwa halky boýun egdirmek üçin dagam şolar ýaly uly

goşunyň toplanýandygyna geň galýardylar. Isgender iki şahlynyň aýdyşy ýaly: «Bararys, göreris, ýeňeris baş esen, bagry bitinem gaýdyp geleris», diýýärdiler.

Şeýlekin aňsatja ele geljek şöhradyň lezzetli pursatlarynyň basymrak geleri üçin, ýörüşiň başlanaryna howlugýardylar. Taýýarlyk işleriniň henizem haýal-ýagal gidýändigini görüp, darygýardylar. Boş ýatmakdan ýaňa irendiklerini aýdyp jibrinişýärdiler. Bakuwdan uly ofiserleriň biriniň geldigi, gämiden düşerine mähetdel daşyna üýşýärdiler we haçan ýörişe ugraljakdygy barada sorag baryny ýagdyrýardylar.
Olary bir zat köşeşdirýärdi we buýsandyrýardy, ýagny, goşuna ýolbaşçy edilip bellenen general Lazerew bir sözünde: «Soldatlary ýörüş üçin gerek bolan zatlaryňnyň ählisi bilen doly üpjün etmän, men Ahaltekä tarap ýekeje ädimem ätmen», diýenmiş.

Howanyň ugursyz yssylygy, tozan gatyşykly ýeliň günüň-gününe diýen ýaly çäge owuntyklaryny sowrup durmagy, suwuň sadyrlygy, agzyňa – burnuňa girip, naharyňa-çaýyňa düşüppeteň-bizaryňy çykarýan, günuzyn ýatmaga goýmaýan siňekleriň uçursyz köpdügi, otrýadyň içinde içgeçme keselleriniň döremegine sebäp boldy. Birsydyrgyn durmuş, şol birmeňzeş meýdan, şol birmeňzeş gep-gürrüňler soňabaka soldatlaryň ýüregine düşdi. Iň ýamanam olar ýörişiň goýbolsun edilerinden ätiýaç edip başladylar.

1879-njy ýylyň 1-nji iýulynda goşun başlygy Lazerewiň, «Gyzyl hajyň» wekilleriniň, iki doktoryň, dokuz sany sanitar bölümleriniň Çekişlere gelmegi bilen soldatlaryň peselip barýan ruhlaryna jan berdi.

Goşunlary gözden geçiren soň Lazerew fligel-adýutant, polkownik Dolgorukiniň ýolbaşçylygynda pyýada goşunyň üç batalýonyndan, bäş ýüz atlydan ybarat awangardyň gapdalyna iki sany dag tokuny hem goşup ýola ugratdy.

Awangardyň wezipesi goşunyň geçüýjek ýerlerindäki güzerleri, ýollary bejermekden, guýulary gazmakdan we dagyň kötel ýerlerindäki iniş-çykyşlary ýörüşe taýýarlamakdan ybaratdy.

Generalyň kabul eden kararyna görä, galan goşun iki kolonna bölünip, general-maýor graf Borhuň ýolbaşçylygyndaky pyýada goşunyň dört batalýonyndan: grenaderleriň Leýb-Eriwan polkunyň batalýonyndan, grenaderlaryň gruzin polkunyň batalýonyndan, birleşdirilen atyjylar batalýonyndan, Şirwan polkunyň batalýonyndan şeýle hem 20-nji pyýada artilleriýa brigadasynyň ýarym batareýasyndan we dört sany dag topundan ybarat birinji kolonna 30-njy iýulda, atly goşunyň baştutany general maýor knýaz Witgenşteýniň ýolbaşçylygyndaky dragunlaryň Pereýaslaw polkunyň 2-nji eskadronyndan, kazaklaryň Poltawa polkunyň ýüz atlysyndan, raketa batereýasyndan we Terek kazaklarynyň artilleriýa brigadasynyň ýarym

batareýasyndan ybarat ikinji atly goşun kollonnasy bolsa şol günüň ertesi ýagny, 31-nji iýulda ugramaly edildi.

Şonuň üçinem: generalyň özi şu ýerde galjakmyşyn, sebäbi, ýagyrnasyna çyban çykanmyşyn, ýarasy ýagşylaşansoň özi kolonnanyň yzyndan ýetjekmişin», diýen «myş-myşlar» dagy soldatlary gynandyrybam durmady. Bar kemi bir ýara bolsa onuň işi haýyr. Esasy zat ýörüşiň başlanmagy. Garaşylan pursatyň gelip ýetenligi. Tekeleriň üstüne ediljek hüjümiň çynyrgadylmagy.

Lazerew sagalyp otrýadyň yzyndan ýetýänçä goşuna ýolbaşçylyk etmeklik knýaz Witgenşteýne tabşyryldy.

Ýöriş başlandy. Ähli zat öňünden ölçelip-biçilişi ýaly boldy. Ýöne, näme üçindir orslaryň parslardan eden tamalary-ha çykmady. Başda şertleşişleri ýaly ýöriş wagtynda goşuna kömek etmekden geçen, gaýtam ýöriş başlamanka, hiç hili düşündiriş bermezden, ur-tut şertnamalaryny bozdular, karz alan pullaryny yzyna gaýtardylar, üstesine serhetýaka goraglarynam güýçlendirdiler. Ahalteke ýörişine taýýarlyk görýän otrýad bilen aragatnaşyklaryny çürt-kesik kesdiler.

Soldatlaryň arasynda ýaýran gürrüňlere görä, şertnamanyň ýerine ýetriilmegine iňlisleriň Tährandaky razwedkasy päsgel beripmişin.

Parslaryň ýokarky, gyssanmaç eden hereketlerinden çen tutsaň iňlis razwedkasy dogrudanam işjeň hereket eden bolmaly. Ol megerem, iňlisleriň Ahal topragyna aýak basmak bilen, Eýrana hem howp salyp biljekdigini iňňän degerli deliller bilen parslara düşündiren bolsa gerek.

## 3. Aşgabat maslahaty

Özünden öňki ors serkerdeleri ýaly, Ahalteke ýörüşine ýolbaşçy edilip bellenen gününden başlap, Lazerew hem Ahal serdarlaryna, han-beglerine uruşsyz boýun egmeklerini sorap kä mylaýym, kä biliner-bilinmez haýbatly hatlaryň ençemesini ugradypdy, syalg-serpaý, pul ibermekligi hem ýadyndan çykarmandy.

Şol wagt Çekişlerde saý-sebäp bilen orslara ýesir düşen iki sany teke ýigidi saklanýardy. Şolaryň boşadylmagyny haýyş edip bir gün Lazerewiň ýanyna Dykma serdaryň ogly Akberdi han geldi. General bu ýagdaýdan ökdelik bilen peýdalandy. Myhmany güler ýüz hem han ogluna mynasyp derejedäki lezzetler bilen garşylady. Hormat etdi. Haýyşyny uly höwes bilen ýerine ýetirdi. Ors goşunlarynyň Ahal topragyna ýaman niýet bilen barmaýandygyny aňladybilýäýjek sypaýyçylykly sözleriň ählisini ulandy. Şeýle hem onuň özüne elli manat, kakasyna bolsa ýüz manat möçberinde bir aýlyk pyl berdi. Egerde, ors hökümedine gowy gulluk etseler, ülkäni uruşsyz-sögüşsiz boýun egdirmekde ýeterlik kömeklerini gaýgyrmasalar, şol mukdardaky puly kakasy ikisine her aýda iberip

durjakdygyny aýtdy. Hoşlaşjak wagty bolsa Dykma serdaryň hut öz adyna hat ýazyp, Akberdi hanyň eline berdi.
Akberdi han ýesirleri getirip, öýli-öýlerine tabşyrandan soň, iberilen haty kakasyna gowşurdy.

Ine, hut şol hat mynasybetli hem, Köpetdagyň Garagum bilen jähekleşýän ýerinde ýerleşen Aşgabat obasynda, Ahalyň han-begleriniň, ýaşulularynyň, ulamalarynyň, dini hadymlarynyň maslahaty geçirildi.

Maslahatda ilk-ä Lazerewiň Dykma serdara ýazan hatynyň mazmuny okaldy. Soňam: «Orslaryň raýatlygyny kabul etmelimi ýa ýok», diýen mesele orta goýuldy. Onda sesleriň köplügi bilen: ors raýatlygyny kabul etmeli däl, gelse-de gaýtawul bermeli», diýen netijä gelindi. Esasy çäre hökmünde bolsa, Ahal ülkesiniň merkezi hasap edilýän Gökdepedäki ätiýaç üçin köpden bäri gurlup ýörlen galanyň gurluşygyny çaltlandyrmak, uzaklaşdyrmanam tamamlamak bellendi. Oňa umumy ýolbaşçylyk etmek bolsa maslahaty alyp baryjy, şol wagt Maryda syrkaw ýatan Nurberdi hanyň ogly Berdimyrat hana we beg tiresindeniň kethudasy Orazmämmet hana tabşyryldy.

Maslahatda uruşmaklyga garşy çykanlaram boldy. Hususan-da Orazmämmet han, syçmazlaryň kethudasy, bir wagtlar Hywa hanynyň Ahaldaky dikmesi bolup oturan Hanmämmet atalyk, Dykma serdar we başga-da birnäçe ýaşulylar köpçüligiň ünsüni Akberdi hanyň Çekişlerde bolýan harby taýýarlyk baradaky beren maglumatlaryna, şeýle hem Orsyýediň kuwwaly iň uly dünýä döwletleriniň biridgine çekmek bilen: «Güýç deň däl. Uruşmak bolmaz, halk gyrylar, netijesem puç bolar» diýdiler. Emma olaryň sözi ýer almady. Şondan soň olar iň bolmanda gala girmek baradaky gürrüňiň goýbolsun edilmegini soradylar. «Bala-çagalry, aýal-ebtatlary Mary, Tejen taraplara ugradyp, özümizem arkamyzy Garaguma diräliň-de, gaça uruş edeliň» diýdiler. O tekliplerem ýer almanyndan soň seslerini çykarman oňmaly boldular.
Şol maslahata köpden bäri türkmen topragynda köwejekläp ýören iňlis žurnalisti O’ Donowan hem gatnaşdy. Ol her kimiň ýüzüne bir bakyp oturşyna, egerde türkmenler orslar bilen urşa başlasalar, öz hökümedi tarapyndan ýarag kömeginiň ediljekdigini öz ýygralyk häsiýetine görä çekinjeňlik bilen aýtdy. Muňa uruşmaklygyň tarapdary bolup çykyş edenler köp hoşal boldular. Begendiler. «Gördüňizmi-de, gördüňizmi» bolşup, ýerli-ýerden gobsundyşdylar, biri-birlerine çiginleriniň üstünden seredişip baş atyşdylar.

Uruşmazlygyň tarapdarlary bolsa, aşak bakyşyp uludan sowuk demlerini aldylar.

## 4. Gala

Gaty bir inedördül bolmasa-da, garaz, dörtburçrak şekilli, uzyn tarapyň ýedi ýüz ýigrimi, gysga tarapy bir ýüz kyrk sažehe barabar galanyň diwarlary başda çäkme-çäk bölünip, Ahal ilatynyň dürli taýpalaryna paýlanypdy. Taýpalaram öz aralarynda her on maşgala bir paýdan bölüşipdiler.

Galanyň gündogar diwaryny gurmaklyk beg hem-de wekil taýpalarynyň paýyna, oňa görä birneme gysgarak günbatar diwaryny galdyrmak bagşy hem-de daşaýak tireleriniň paýyna, in tarapynyň demirgazyk diwary syçmazlaryň, günbatardan günorta tarap gyýaklap gidip, gündogar diwarynyň günorta burçy bilen çüňk görnüşinde birleşýän beýleki diwary bolsa ýene-de beg taýpasynyň bir özüniň paýyna düşüpdi.

Gurluşyk şol tertip boýunça öňem, haýal-ýagalrak hem bolsa, birsyhly dowam edip gelýärdi. Ýöne, düýn-öňňinki Aşgabatda bolup geçen gysga hem aýgytlaýjy maslahatdan soň gurluşygyň bady görnetin güýçlendi. Asyl uly iliň bar ünsi şoňa gönükdirildi. Öňde duran wezipe, ýurduň syýasy hem harby ýagdaýy halka düşündirildi.

Ahal obalarynyň ählisinden Gökdepä paý-pyýada, eşekli, atly, düňeli, arabaly gelýänleriň ýa galadan çykyp yzyna gidip barýanlaryň arasy üzülenok. Olaryň kimsi diwarda işläp ýörenlere azyk, suw getirse ýene biri gurluşyk serişdelerini daşaýar, biraz dem bermek üçin işgärler bilen orunlaryny çalyşmaga gelýänlerem bar. Diwar işinde erkeklere kömek berip ýören emzikli gelinleriň bäbeklerini emdirtmäge gatnadyp ýören oral aýallaram, kempirlerem käte bir göze kaklyşyp gidýärler. Ýol-ýodajyklardan göterilýän inçeli-ýogynly tozanjyklar tä iňrik garalýança ýatanok. Şolardan ýaňa gözýetim hemişe gubar baglap dur.

Agşamlaryna bolsa gurluşykçylaryň çaý-nahar üçin ýakýan sansyz otjagazlary ýol üstünde howul-hara düşlän agyr goşuny ýada salýar. Uzakly günüň argynlygyndan soň olar birek-biregiň ýanyna barýarlar, derdi-hal aýdyşýarlar, öňde duran güýç taýdan deň bolmadyk uruş, umuman durmuş hem däli dünýä, keç ykbal hem ýowuz duşman barada söhbet edýärler.

Şeýdip gün yzyna – gün, aý yzyna aý geçdi. Gurluşyk gitdigiçe gyzyşdy. Şeýle-de bolsa ors goşunlarynyň bu gün-erte Çekişlerden çykyp, Gökdepä bakan rowana boljakdygy baradaky habar gelip ýetende gala barybir gurlup gutarylmandy. Şonda-da, gurluşygy tä, iň soňky güne çenli dowam etdirmeklik karar edildi.

Düýbüniň ini bäş sažene, gerişiniňki üç sažene, beýikligi iki ýarym sažene barabar bolan galanyň daşky diwarlarynyň düýbünde soňabaka çuňlugy iki sažene barabar giň garym emele geldi. Ony hüjüm wagty galanyň daş ýüzünde duşmany ilkinji bolup garşylajak mergenler üçin janpena hökmünde ulanmaklyk makul bilindi. Diwarlaryň üstünde hem mergenler üçin amatly bolar ýaly atyşhanalar, bukylar, sekiler, garawulhanalar guruldy. Birnäçe girelgeler, çykalgalar goýuldy.

Esasy girelge hökmünde demirgazyk günbatar burçdaky girelgäni has giňden tutdular. Demirgazyk we günbatar tarapdaky girelgeleri ötük hökmünde ulanmak üçin insizräk etdiler.

Ilkinji zarbany şol ýerde kabul etmek niýeti bilen, galanyň günbatarynda üç sany kiçeňräk galajyklar hem gurdular.

Zerurlyk ýüze çykan wagty goşmaça berkitme hökmünde ulanmak üçin, günbatar çetdäki galajygyň bir betini ir wagtdan bäri işläp duran ullakan harazyň bir gapdalyna ýabşyrdylar.

Galajyklaryň diwarlarynyň beýikligem uly galanyň diwarlaryndan belent bolmasa pes däl. Uly galanyňky ýaly olaryňam daşy garym bilen gurşalan. Günbatar çüňkdäki ýeke oturan galajygyň pesräk seňňer arkaly uly gala bilen sepleşýändigini nazara almasaň, galajyklaryň barysy birmeňzeş. Giden bir meýdançany gurşap alan, aýmança şekilli şol seňňer daşyndan seredeniňde mähnet uly agyly ýadyňa salýar.

Gala zabt edilen mahaly soldatlar ony hut şeýle diýip hem atlandyrdylar.

## 5. Tilkiçi şahyr.

Galanyň gurluşygynda bolsun, oba arasynda ýa ýolda bolsun, ulynyň-kiçiniň başynda şol bir alada, ýagny, öňde duran urşuň getirip biläýjek aýylganç netijeleri. Her kim Gazawat urşy, Hojagalanyň tozdurylyşy, Hywanyň syndyrylyşy barada eşidenlerini biri-birine gürrüň berýär. Ony diňlänleriň, hususan-da zenan maşgalalaryň huşy başyndan göçýär. «Eýle bolsa uruşjak diýmeli däl ekenler-ä», diýşip, ýakalaryny tutýarlar, «Özüň goraweri Alla jan», diýşip, uludan demlerini alýarlar. Käbirleri bolsa hiç zatdan heder etmän: «Alla jan biziň ýigitlerimize kuwwat berer, ýeňişe ýar eder, hiç gorkmaň, gorkynyň ajala peýdasy ýokdur», diýşip aýal hallaryna öňlerinden çykana göwünlik berşip, başlaryny dik tutuşyp gidip barýarlar.

Umuman aýdanyňda, han-begleriň arasynda bolşy ýaly, halkyňam pikiri ikä bölündi. Biri uruşmaklygyň, beýlekisi uruşmazlygyň tarapynda. Ýaş ýigitleriň welin köpüsi uruşmaly diýenleriň tarapyny tutýarlar.

Ownuk tiresiniň adyna görä il içinde Tilkiçi şahyr diýlip tanalýan, goşgularyny hem şol at bilen ýazýan Orazmämmet hoja hem uly il ýaly iki pikiriň arasynda urnup ýör. Birde öz ýanyndan uruşmaklygy ündeýänleriňkini dogry tapsa, birde Gazawatlylaryň düşen gününi ýatlaýar-da: «Soňy barybir şolar ýaly gyrgynçylyk, ýeňliş bilen gutarjak bolsa uruşmak nämä gerek», diýip öňki pikirine garşy çykýar.

Şolar ýaly gapma-garşylykly pikirleriň netijesimi ýa Hudaý boljak işi öz halan bendesine öňünden aýan etdimi, ol bir gije uklap ýatan wagty aýylganç düýş gördi.

... Toýmy, ýasmy, nämedigi belli däl, Tilkiçi şahyr agyr mähelläniň ortarasynda durmuşyn. Daş-töweregem şyr takyr ak meýdan. Gykylyk, goh, galmagal dik asmana göterilýär. Dek duran adam ýok. Her kim dumly-duşa ýüwrüp ýör. Ýöne kim näme edňär, kim nirä barýar, nireden gelýär, biler ýaly däl. Birdenem dag tarapdan agyr goşun görünýär. Köpçüligiň içinden: «Duşman gelýär, ýagy gelýär», diýen howsalaly sesler eşidilýär. Oňa çenlem ýygyn golaýlaşýar. Köpçüligiň barysynyň nazary şol tarapa gönükýär. Tilkiçi şahyr: «Be-e, şo-ol, geljekmişin diýilýän ýagy-ow şü», diýip, içinden pikir öwürýär. Goşun ses ýetim aralyga gelip togtaýar. Aralaryndan kimdir biriniň: «Pälwanyňyzy çykaryň, biz ony öz pälwanymyz bilen göreşdirjek, egerde ol biziň pälwanymyzy ýeňse biz şu ýerden göni yzymyza dolanýas, bolmasa-da siz bize gepsiz-gýrrýňsiz boýun bolýaňyz» diýip gygyrýar. Teke ýigitleriniň biri ak meýdana at segredip çykýar. Tilkiçiniň gözüne ol ýigit bir seretse-hä Nurberdi hana, bir seretse-de Dykma serdara meňzäp dur. Gurbanmyrat işan bilen Kerimberdi işanam ýektaýlarynyň syýlaryny galgadyşyp hersi onuň bir gapdaly bilen haýdap barýarlarmyşyn. Oňa çenli duşman tarapdanam bir daýaw ýigit atyny debsiläp öňe çykýar. Işanlaryň hersi bir gyra çekilýär. Iki pälwan garpyşýar. At üstünde bir meýdan döwüşenlerinden soň olaryň ikisem ýere düşüp billeşýärler. Türkmen ýigidi duşmanyň bilinden tutaga-da takyr ýere aýlap uran ýalam edýär, ýöne, ol ýere degmän diýen ýaly aýak üstüne galýar-da ylgap gelip türkmen pälwanynyň guşagyndan elini geçirýär, özüne çekägetdinem omzuna alýar, şol ýerdenem dikbaşaşak goýberýär welin, türkmen pälwany gözlerini agdar-düňder edip, çalam-çaş bolýar ýatyberýär. Gurbanmyrat işan bilen Kerimberdi işan ony süýrekläp alyp gaýdýarlar. Şol gelşişlerine-de: «Ahow, adamlar, geliň-ä kömekleşiň-ä, süýreşiň-ä, bize agyr düşýär-ä, kyn bolýar-a... diýip, özüniňkilere tarap gygyrýarlar. Şondan soň duşman tarapdan: «Siziň pälwanyňyz ýeňildi, indi bize Nurberdi hanyň hazynasyny getiriň» diýen haýbatly ses eşidilýär. Türkmenlerem gylyçlaryna söýenişip duruşlaryna dişlerini gyjaşyp: «Ýok, biz size hazyna bermeris, biz entek siziň bilen söweşeris», diýip, haýbat atýarlar. Emma aralykdaky takyr meýdanda eýýäm tekeleriň hazynasy uly üýşmek bolup durmuşyn. Şondan soň hälki pälwan eli asma terezili orta çykýarda: «Indi bolsa siziň ykbalyňyzy terezä goýjak, haýsy tarapyny saýlasaňyz saýlaň», diýýär. Gurbanmyrat işanam bärden: «Alla ýol berse biziňki sagdandyr» diýip, gygyrýar. Duşman terezini ýokary göterýär. Içiniň boşdugyna garamazdan tereziniň çep taýy usullyk bilen aşaklap başlaýar. Tilkiçiniň daş-töweregini gallap duran adamlaryň barysy birden «ah» çekýär. Olaryň arasynda aýal-gyzlaryňam bardygyny Tilkiçi şahyr diňe şondan soň bilip

galýar. Çünki, ýaňky hadysadan soň olaryň gykylygy, gyk-bagy asmana göterilýär, ahy-nalalaryndan ýaňa zemin lerzana gelýär. Henizem terezini elinde saklap duran duşman pälwany ýakymsyz ýylgyrýar-da: «Hiý, armanyňyz galdymy», diýýär. Şonda Tilkiçi şahyryň özi durup bilmän orta çykýar-da: «Duruň, zalymlar! Munça bolanyna görä atam çapyşalyň! Biziň atlarymyz zordur, ol biziň ykbalymyzdanam ýüwrükdir», diýip, ulyili bilen gygyrýar. «Honha, atlar-a eýýäm pellehana ýetip gelýäler» diýip, duşman pälwany sol elini gözýetime tarap uzadýar. Şahyr seretse duşmanyň dor aty türkmenleriň gyr atyny tozana garyp, ep-esli öňde gelýär. Muňä märeke öňküdenem beter gynanýar. «Wah, iň soňkuja umudymyzam puç boldy-ow» diýip aglaşýanlaryň sany-sajagy ýok. Kimdir biri: «Hany, Ruhy batyr ýokmy? Şol nirede? Tapsaňyzlaň şony» diýip, iki ýana urunýar, elewreýär, ol çapaladygysaýam märekäniň sany azalýar, ahyrynda onuň özem terlin-oňlyn öwrümler edip daşlaşýar – daşlaşýar-da, gözýetimde ýitip gidýär. Bir baksa meýdanda Tilkiçi şahyryň ýeke özi galypdyr. Hatda ýap-ýaňyja-da heşelle kakaýşyp duran duşmanlaram ýok. Daş-töweregini ýaýylyp ýatan türkmen sährasy. Ol Ahal ülkesi. Kesearkaç. Eý Huda-aý! Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän şol giň meýdan durşy bilen mazarystanlyga öwrüläýen bolsa nätjek! Asyl özem şolaryň biriniň içindemi ýa henizem somalyp durmy, ony Tilkiçi şahyry bilenok, ýöne, şol mazarystanlygyň üsti bilen özüne tarap sil kimin akyp gelýän gol doly gany görýär-de, demi tutulyp gygyrmaga başlaýar. Şol wagtam kimdir biri egninden tutup silkeleýär, aýal sesi bilen öz adyny tutup gygyrýar...

Üstüne aýalynyň abanyp duranyny, çagajyklarynyň arkaýyn, myrlaşypjyk ýatyşlaryny görüp, ýaňky ahwalatyň düýşi ekendigine begendi. Dik oturdy-da, öňürt-ä: «Ýa, Alla» diýip, sowuk demini aldy, üç gezek «elhemi», üç gezegem «kulhuallany» okady. Yzyndanam ýakasyny tutup üç mertebe «estagpuralla» diýdi. Diäe şondan soň häliden bäri soragly nazaryny özünden aýyrman çat maňlaýynda jokgarylyp oturan aýalyna seretdi.

– Erbet düýş gördüm, Ogulaý.

– Näme gördüň?

– Aý, sen sorama.

– Ýok, aýt, erbet düýş bolsa turşuň ýaly aýtmalylyşyn. Çöpe-çöre tüýkürmelimişin.

– Onda şony bir edeýin men öňürti.

Ýaňy bir kyrk ýaşap ýörendigine garamazdan hemişe-de agras gopýan orta boýly, golçapisint, garaýagyz, gyrçuw sakgalydyr saçlary çalaryp ugran, boýny çapgy ýassygy ýaly daýaw pyýada bu gezek öňkülerindenem has haýal gopdy. Ýerinden kynlyk bilen turdy. Gapydan çykjak bolanda bir eli bilen söýä ýapyşdy, beýleki eli bilen eňsini sermeledi, aýaklary bilen köwşüni gözledi. Öýden

çykandan soňam ýuwaş ädilýän ädimleriniň käwagt bir «çygşyldysy» eşidildi durdy.

Entek daň atmandy. Şeýle-de bolsa, Ogulaý ärinden öň düşege girmäne ejap edip, aýak uçda düwdek bolup oturdy. Pytran aşyk ýaly hersi bir ýerde serlip ýatan çagajyklaryna seretdi. «Alla jan, şulara bir gowy gýn görkezsiň-dä hern-ä» diýip, içini gepletdi.

Oňa çenlem Tilkiçi şahyr gaýdyp geldi. Ýerine geçdi. Ýüzüni ak-tam edip sarsman oturşyna aýalyna tarap nazarynam aýlaman:

– Biz ýeňilýäs Ogulaý, onda-da gaty gözgyny halda ýeňilýäs – diýdi.

Gürrüň öz hojalyklary barada barýandyr öýden Ogulaý:

– Weý, kimden ýeňilýäs? Biz näme biri bilen urşup ýörüsmi – diýip, howlukmaç gepledi.

– Men ýetip gelýän ýagy barada aýdýan, Ogulaý – diýende endigi boýunça «pert-pert» gepleýän Tilkiçi şahyryň sesi gyryljak hem ysgynsyz çykdy.

Şondan soň ol gören ahwalatyny aýlayna jikme-jik aýdyp berdi.

– Hudaý saklawersin – diýip, henizem gelinlik sypatyny, tämiz-terligini ýitirmedik Ogulaý ýakasyna tüýkürip oturşyna aýtdy. Alyn saçlarynyň ýüzüne dökülip duran tarlaryny ýygnaşdyrdy. – Ulynyň kiçiniň aňyny aldy-ow şol döremän geçen uruşly gürrüň. Ýeke seň däl, hemmäňem düýşüne girýändir ol. Hiç kime-de ynjalyk berýän däldir. Alla bizlik bolsa hiç zadam bolmaz. Senem ony ýadyňdan çykar-da, öz işiň bilen boluber. Ýöne, hiç ýerde agzyňdan bir sypdyraýmaweri.

– Ekabyrlara-da aýtmasammykam?

– Aýtma. Aýtsaň özüňi günäkär ederler. Sen näme, pirmi, öwlatmy o zatlary öňünden biler ýaly, diýerler. Onsoňam, o zatlary aýtsaň sen halkyň ruhyny öçürersiň. Aňyny bulaşdyrarsyň. Birden, biz ýeňäýsek dag-a it masgarasy bolarsyň. Şoň üçinem sesiňi çykarma-da, ýagşy dilegde boluber.

– Basym uly maslahat boljakmyşyn, men şuny şonda-da aýtmasammykam?

– Maslahatda, Orazmämmet, düýşüň däl-de huşuň gürrüňi ediler. Geler-geldejiden, bolar-boldajydan söz açylar. Senem onsoň alaga-da düýşüňi tymsal getirip: «Adamlar, görşüňiz ýaly biz barybir ýeňilýäs, şoň üçinem uruşly meseläni gozgabam oturmaň», diýseň nähili bolar? Ýa sen şeý diýeniňden: «Olar ýaly bolsa bizlik iş ýok ekeni», diýäge-de, batyrlaryň barysy birden gylyçlaryny gynlaryna salyp turarlar ötägiderler öňdýäňmi?

Tilkiçi şahyr gyrçuw sakgalyny sypalap, oýa batyp oturşyna sowuk demini aldy. Çep çigniniň üstaşyry aýalyna seretdi.

– Onyň-a dogry, Ogulaý. Düýş bilen huşy garjap bolmaz. Onsoňam.. – Ol öz-özüni ýaňsylaýjy äheňde kinaýaly ýylgyrdy. – Howwa-da, gören düýşüň bilen bular ýaly uly hadysany üýtgederçe sen kim bolupsyň diýsene...

Şahyr ýerine geçdi. Ýöne, uklamady. Uklap bilmedi. Iki gözünem tüýnüge dikip ýatyşyna daňyň ataryna garaşdy. Gören düýşüni welin, her näçe jan çekse-de ýadyndan çykaryp bilmedi. Gaýtam ol ahwalaty onuň öz tebigy şahyrlygyna görä beýnisiniň içinde aýlandy-öwrýldi-de, ýüreginiň üsti bilen kapyýalaşyp, bogunlara bölünip, setir-setir sazlaşdy we birnüçe bent goşga öwrýldi duruberdi. Şondan soň ol usullyk bilen ýerinden turdy. Dik oturandan soňam goşgyny birnäçe gezek içinden gaýtalady. Onuň bilenem kanagatlanman, bir dyzyna galyp, elini uzatdy-da, tärimden asylgy duran kiçijik haly torbajygyň içinden döwet bilen galam, şeýle hem kagyz çykardy. Tüýnükden düşýän yşyň ýagtysyna beýnisinde bekän goşgyny beýitme-beýt kagyza geçirdi.

Agalar ýatyrdym, gördüm düýşümde,
Boljak işler maňa aýan göründi,
Turdum, gördüm ne külpet bar başymda,
Ýaşyl geýnen ençe jenan göründi.

Tisginip turdum-da, diýdim: «Ýa, Alla»,
Üç elhem okadym, üç kulhuwalla,
Ýakam tutup diýdim estagpyralla,
Başymyzda ahyrzaman göründi

Üýşüşip geldiler külli Türkistan
Suw ýerine çeşme boldy gyrmyz gan
At çapyşdy kapyr bilen musulman,
Musulmanlaň aty çaman göründi.

Hazyna gol urup gury çykdylar,
Abraýy giň meýdana dökdüler.
Haýyr işi tereiläp çekdiler,
Kapyrlarda agyr mizan göründi.

Tilkiçi diýr ynanmazlar sözüme
Ile ýalan bolsa aýan özüme,
Kesearkaç görner meniň gözüme,

Täze gazlan kän gabrystan göründi.

...Ol goşgyny ýazyp boldy-da, kagyzy dört epläp jübüsine saldy. Daş-töweregine äňetdi. Bir ýana gitmäge hyýallandy. Soň süýji ukuda ýatan aýalyna seretdi. Onuň ýaňky aýdan sözlerini ýatlap, goşguly kagyzy jübüsinden çykardy. Oňa seredip oturşyna: «Kagyz ýüzünde bolsa biri görmese biri görer, eşider, ondanam soň ýene biri eşider, ile ýaýrar, birdenem biz ýeňäýsek dagy, Ogulaýyň aýdyşy ýaly il üstümden gýler. Uly-kiçi hemme meni terslär, gowusy gerek wagty çykaryp goýberer ýaly ýadymda saklaýyn, diýip, içini gepletdi-de, goşguly kagyzy ýyrtyp ojaga oklady. Közüň üstüne düşen kagyz ilk-ä tüsseledi, gyralary saraldy, birdenem öz-özi tutaşdy-da, öýüň içini ýagtyldyp goýberdi.

Şahyr usullyk bilen ýerinden turdy. Gapa tarap ýöneldi. Bosagadan ätlejek wagty aýalynyň uky garjaşykly gyryljak sesi eşidildi.

– Nirä?

– Hakyda mollaň ýanyna.

– Ýaňkyny bir aýdaýma oň ýanynda.

– Bor, bor..

O hakda agzamajak bolsa, düýşüni ýordurmajak bolsa, Tilkiçi şahyryň daň bilen Hakyda mollalarda nä köri bar? Ogulaýyň öňünde boýnuna alsa-da, almasa-da ol onuň ýanyna şonuň üçin barýar ahyry... Ol daş işige çykandan soňam, asyl assa-ýuwaş ýola düşüp ugrandan soňam şol hakda pikir öwürdi gitdi oturdy. Aýagy welin barybir saklananok. Gidip barýar. Özem başga hiç ýana däl-de, diňe Hakyda mollalara tarap barýar. Şondan soň ol düýş barada gürrüň gozgasa-da, gozgamasa-da, özüniň barybir Hakyda mollanyň öýüne maňlaýyny diremelidigine düşündi.

Ol şeýle hem etdi. Bardy. Salam berdi. Hal-ahwal soraşdy. Şeýle ir gelip bimaza edendigi üçin ötünç sorady. Özi welin nämeden söz açjagyny bilmän ýaýdandy durdy.

Onuň kalbynda bir zatlar gizleýändigini, Hakyda molla barybir aňdy. Çünki, ol ýeke bir molla däl-de köp zatdan baş çykaryp bilýän üşükli, pähim-paýhasly adam. Ol dünýä taryhynam, külli türkmeniň, ähli türki halklarynyň hakydasynam bilýär. Şonuň üçinem oňa Hakyda molla diýýärler. Onuň çyn adynyň nämedigini welin hatda ýalňyz agtygy Ene hem bilenok. Onsuz Ahal ilinde hiç hili maslahat geçirilmeýär, toý tutulmaýar, ýas sowulmaýar. Uly-kiçi her kim şonuň pähim-paýhasyna eýerýar, hormat goýýar. Onuň müneçjimçilikdenem, tebipçilikdenem, tebigatyň, Aý-Günüň hasap-hesiplerindenem başy çykýar. Umuman oňa Ahalyň paýhas mekdebi diýseňem boljak. Tilkiçi şahyryň öz-özünden şeýle dowla düşen pursaty näme üçindir özem bilmezden daň bilen, düwdenekläp şonuň ýanyna gaýdybermesem hut şonuň üçin.

Ýöne, soňky döwürlerde Hakyda molla ýarawsyzrak. Belli bir ýeriniň agyryp ýa azar berip barmaýandygyna görä ol keseliniň başyny garrylykdan görýär. Şonuň üçinem, kim halyny sorasa:

– Hassalar gutular, garry gutulmaz, dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar – diýipdir-ä bende – diýip, Magtymgulynyň dili bilen jogap berýär. Bu sözüni ol hemişe, özüniň segseni dolduryp togsanyň onuna girýänçä, ýekeje gezegem syrkawlamandygy bilen düşündirýär. Bilýänje hakydasyny bolsa özi bilen alyp gitmezlik üçin Enä öwredýär. Ýarawsyzlyk tapynaly bäri, köp ýerde hakydany şoňa aýtdyrýar. Şol sebäpden indi halk Enäniň adynyň yzyna-da «hakyda» sözüni goşup başlady.

Hakyda molla ömrüni okap geçiren adam. Hywada, Buharada, Kazanda, onuň barmadyk, okamadyk ýeri ýok. Ýaşulylar öz döwründe onuň Arabystana haja gidip, soňam ençeme ýyl şol ýerde galyp köp-köp sowatly adamlar bilen duşuşandygyny, bilimini artdyrandygyny aýdýarlar. Gaýdyp geleli bärem, halka hakyda öwredip ýör.Tilkiçi şahyr häzir ine, şolar ýaly adamyň alnynda otyr. Özem tolgunýar. Ýogyn uýluklary saňňyldap, ýüregi agzyndan çykaýjak bolýar. Sebäbi ýük agyr. Bir özi çekip-çydardan çökder. Ol edil, depesinden basyp, mynjyradyp barýar. Egerde Ogulaýdan başga ýene birine aýdaýsa-ha derdiniň ýeňläýmegiem ahmal. Ýöne, Ogulaýyň ynanjyna görä, ony hiç kimiň ýanynda aýtmak bolanok. Bardy-geldi ýene adam bir adam biläýse, onda ol syr syrlygyny ýitirýär.

...Hakyda molla kosseýşen gözlerini Tilkiçi şahyryň ümüriň içinde galan ýaly ýmezläp görünýän göwresine dikdi.

– Bir aladaň-a bar, şahyr. Sesiň öňki däl. Asla özüňki däl. Aňyrsynda agyr alada, ünji bar-a meňzeýä...

– Aý, bu wagt aladasyz adam barmy, molla aga.

– Onyň-a dogry. Orazmämmet.

– Men ýöne halyňyzy soraýyn diýip geldim. Iş-alada bilen köpden bäri görşemizogam. Häzirkem diwara tarap barýan. Wagt az. Duşman ýetip gelýä...

– Howwa, howwa... habarym bar. Häli-şindi gelip-gidip, maslahatlaşyp durlar. Ýaman dert pikirem ikä bölünipdir...

Enehakyda orta saçak goýdy. Çaý demläp getirdi. Özem gap böwre geçdide, arkasyny tärimden asylan owadan gyzyl çuwala ýaplap oturdy. Eline iş aldy.

Tilkiçi şahyr sandyraýan ellerini uzadyp saçagy açdy. Iň üstki nany aldy. Bir dişlem ýalysyny döwüp aldy. Agyzna saldy. Ýuwaşlyk bilen çeýnedi. Gabarylyp oturşyna gabakman gözleriniň kelte kirpiklerini gyrpyldadyp içini hümletdi. Çeýnäp oturan çöregini ýuwdandan soň saçagy ýapdy. Töwür galdyrdy. Soňam kynlyk bilen:

– Molla aga, bagtymyz çüwüp ýeňäýseg-ä ne ýagşy birden ýeňiläýsek nähili borka – diýdi.

Böwürden Enehakydanyp pyşyrdysy eşidildi.

– Weý, şahyr aga, siz bir beý diýmäň ahyry. Gaýtam gowy-gowy goşgular ýazyp halkyň göwnüni galkyndyryň.

Tilkiçi şahyr oňaýsyz ýagdaýa düşendigini bildirmezlik üçin, oturan ýerinde oýkanjyrady.

– Aý, howwa-la, ol-a dogrul-a. Men ýöne... Ony... Häki bir... Ätiýaç üçin... neme diýip aýdaýdym...

Hakyda mollanyňam sesi öňküsine görä ysgynsyzrak çykdy.

– Elbetde, ýagdaýyň hemme tarapyny öňünden ölçermek, dökmek gowy zat. Ýöne, ýeňşiň kime ýar boljagyny diňe Alla biler. Şonuň üçinem, Enehakyda dogry aýdýar, häzir diňe ýeňiş barada oýlanmak gerek. Siz ýaly iliň öňüne düşüp ýören adamlaryň-a asylam adamlaryň ruhlaryny götermekleri gerek. Şeýtanyň ugruna gidip ýa düýşe pala ynanyp, döwla düşüp ýörseň özüňem heläk borsuň ile-de zyýan ýetirersiň. Her çent merdanalyk ýagşydyr, şahyr.

Hakyda mollanyň bu sözünden soň Tilkiçi şahyr özüniň agşamky gören agyr düýşünden ýaňy aýňalan ýaly boldy. Beýnisiniň içi ýagtyldy, süňňi ýeňledi. Gapy gaýnap, kalbynda joşgun emele geldi. Endamy jümmüş atdy. Ol Hakyda molla üýtgeşik bir heýkele seredýän dek seretdi. Haýsydyr bir düýşüň täsirine düşüp, özüni agşamdan bäri horlap ýörendigi üçin ol öz-özýnden utandy. Hoşlaşyp turjak wagtam Hakyda mollanyň goňşusy, hor, garaýagyz, burny egri, eňegi çüri, öňünden çykana: «Häýt, Göroglyň atyny ogurlan kempirem, şuň ýaly bolan bolsa gerek» diýdirýän, dilewar hemişe şähdi açyk, degişgen, ýüzi mazaly ýygyrt atan, ullakan gözleriniň agy sap-sary Baýramgül tebip geldi. Ol häli-şindi gelip Hakyda molla em edip gidýär. Arasynda galadakylaryňam üstüne aýlanyp gaýdýar. Syrkawraklary bolsa däri-derman edýär, bolmasa güýjüniň ýetdiginden gurluşyga kömekleşýär, juda bolmasa bir geň gürrüň tapyp adamlary gülüşdirýär, garaz, dek-ä oturanok. Ol ýeke. Adamsy bir wagtlar obadaşlary bilen alamana gidip gelmedik. Iki gyzy bar, olaram durmuşa çykan. Hersi bir ýerde. Hatda Tejen, Mary sebitlerine düşenlerem barmyşyn.

Ol görmedik bolsa gerek, Tilkiçi şahyra ünsem bermedi-de, molla aganyň ýanyna bardy. Salam berdi. Halyny sorady. Soň Enehakydadan atasynyň däri-dermanlaryny getirip bermegini haýyş etdi. Enehakyda tärimden asylgy torbanyň içinden kiçeňräk ak düwünçek çykaryp eline tutdurandanam näme üçindir ony sallarlap gördi.

– Maňa bir käsejik ýyly suwam ber, gyzym – diýibem, häliden bäri gitjeginiem bilmän, durjagynam bilmän, salamyny almandygy üçin özünden çalaja

kine edip duran Tilkiçi şahyra ýüzlendi. – Hassa barka sag, ýaşuly barka ýaşkiçi soňa goýulýandyrm şahyr, indi soraşybersegem bor, gurgunmysyň, sag gurgun oturanmysyňyz, içiň-daşyň, malyň-başyň hemmesi saglykmydyr?

Tilkiçi şahyryň damarlary gowşady.

– Şükür, Baýramgül daýza, saglyk, gurgunçylyk. Özüňem gurgunmysyň?

– Şükür, gurgun. – Ol Hakyda molla däri-derman edip otyrka-da dilini dek duruzmady. – Ogulaý görnenok-la, bu günler, şahyr? Hemişe-hä käte bir görnüp gidäýmesi bardy.

– Aý, özüň bilýäň-ä, Baýramgül daýza, bu wagt goňşy-golama çykar ýaly boldumy? Öýüň işi, galanyň işi, çagalarynyň aladasy, garaz...

Tebip sag egni bilen silkinjiredi-de, ýüzüne düşüp, işlemäne päsgel berýän gyňajynyň ujuny arkan taşlady.

– Haý, diýseňem ýeke goýbermäne gorkýan bolaýmasaň.

Şahyr güldi.

– Weý, nämeden gorkaýyn men?

– Gabanýan bolaýmasaň sen şony.

Tebibiň aýdyp oturan çyna berimsiz sözleriniň aňyrsynda arassa degişmäniň ýatandygyna Tilkiçi şahyr indi düşündi. Güldi.

– Hä-ä... Aý. Ahmal, o-da biçeme däl.

Içi dermanly käsäni ýaňy bir başyna çeken Hakyda molla hem gürrüňe goşuldy.

– Orazmämmet hoja Ogulaýy ýaşka gabanypmy, indi gabanar ýaly?..

– Aň, näbileýin-dä, Ýolgeldiň ogly Gurtnyýaz ýaly özem bukulyp, heleýinem bukup otyrmyka diýäýipdirin-dä... – Tebip tamdyryň kesewisi ýaly uzyn hem gara ellerini öňki ýerine geçip, ulularyň özara degişmelerine birenaýy ýylgyrypjyk oturan Enehakyda tarap uzatdy. – Maňa bir elimi ýuwar ýalam suwjagaz ber, gyzym...

Enehakyda desbe-dähel içi suwly kündük bilen kümüş legen alyp geldi. Tebip elini ýuwmana oturandanam Tilkiçi şahyr gapa tarap ýöneldi.

– Men-ä gitdim onda, molla aga. Sag-aman gutul.

– Sag bol oglum, saglykda görşeli.

Tilkiçi şahyr Baýramgül tebip bilen Enehakyda gezek-gezegine seretdi.

– Sag bol, Baýramgül daýza, gyzym, senem sag otur...

Baýramgül tebip oňa egni üstaşyry seretdi.

– Sag bol oglum, Ogulaýa salam aýt.

Enehakyda hormat üçin ýerinden turdy.

– Sag boluň, şahyr aga, gowrümiňizi giň tutuň.

Muňa Hakyda molla hem goşuldy.

– Howwa, howwa, göwrümiňi giň tut, Mämmet hoja...

Tilkiçi şahyr şol ýerden göni diwara tarap ýöneldi. Bu wagt galanyň ähli ýeri ibirt-de-zibirtlik. Kä ýerde üýşmeleň has köp. Kä ýerde seýregräk. Onda-munda at üstünde gurluşyga gözegçilik edip ýören ekabyrlar görünňär. Olar käte saklanyp, at üstünde oturan ýerlerinden ellerini galgadyşyp, galanyň üstünde işleşip ýörenlere bir zatlar diýip gygyrýarlar, görkezme berýärler, soňam ýa eýläk, ýa beýläk, ümdüzlerine at çapdyryşyp gidýärler. Umuman, tutuş Ahal iliniň ullakan toýa garaşýandygy bildirýär.

## 6. Aleksandr Iwaşow

Pyýada goşunyň hatardaky esgeri, ortadan pesräk boýly, kellesi ullakan, topazburun, ýeke bir üçburçlyga çalymdaş çym-gyzyl ýüzi däl, eýsem boňunlaryna, döşlerine, elleriniň üstüne çenli künji sepilen ýaly çypar, kirpikleri ak, jylk sary saçy gytyk hem çalarak buýraly, gürlejek wagty sesini çykarmazdan öň ullakan mawy gözlerini giň hem tüňňi maňlaýynyň aşagyndan mölerdip gürrüňdeşiniň ýüzüne esli mahal seredip durýan, az gepli, dünýäniň bar aladasy bir özüniň başyna düşen ýaly hemişe içini hümledip, kiçijik göwresine gelişmeýän, orangutanyňky ýaly uzyn hem tagaşyksyz gollaryny aşak sallap, aýy dek abşanaklap ýören, ýekeligi gowy görýän, nalamany halamaýan, dişgysdy, hudaňhon, hakykatparaz, entek ýigrimi ýaşynam doldurmadyk Aleksandr Iwaşow hem general – maýor graf Borhuň ýolbaşçylygyndaky birinji kolanna bilen ýola düşdi.

Aslyýeti Kuban kazaklaryndan bolup, häzir ol onuň Aly hezretleri Hökümdar Imperatoryň hemişelik hereket edýän goşunynda gulluk borjuny berjaý edip ýör. Yzynda bir ejesi, birem entek doly tanyşybam ýetişmedik gelinligi bar. Ahalteke ýörüşine öz gulluk borjy boýunça, mejbury düşen bu ýigidiň beýdip, üstlerine atly-ýaragly, gideri ýaly türkmenlerde köýüp ýatan ary-ha ýok, asla ol olaryň nähili halkdygynyam bilenok, olary göz öňüne-de getiribilenok.

Ýöne, türkmenleriň gadym döwrýň kada-kanunlaryna laýyk gelýän merdi-meýdanalyk düzgünleri boýunça söweşýän, ýer-ýurda, ar-namysa gezek gelende gorkyny-ürküni bilmeýän, okdan gaýtmaýan, ölümden heder etmeýän, ygtykat ugrunda şehit bolmaklygy özüne bagt bilýän, edermen halkdygy baradaky «hyşy-wyşylary» welin soldatlardan köp eşitdi. Şol zeýilli gürrüňçilikler Çekişlerde geçirilen taýýarlyk döwründe soldatlaryň iň bir gyzykly güýmenjeleriniň biridi. Olaryň degerli maglumatlara salgylanyp aýtmaklaryna görä, türkmenler döwletem

dälmişin. Ahalteke diýmegem olaryň diňe teke taýpasynyň agyp-dönüp ýören ýerleriniň adymyşyn. Hemişelik hereket goşunlaram, toplaram, raketalaram, hatda uzaga atýan tüpeňlerem ýokmuşyn.

Dagynykdyklary sebäpli türkmen taýpalary birek-birege kömege-de gelmeýärmişinler. Gazawatda-da şeýle bolupdyr. Bu gezegem şeýle boljakdygy gürrüňsizmişin. Şonuň üçinem, şol gürrüňçiliklerde soldatlar tekeleri ýeňip bolarmy ýa bolmazmy, diýen soragyň dagy üstündenem barmaýardylar. Asla, şeýle soragy orta atmaklygy özlerine kiçilik bilýärdiler. Ýöne, şeýle gürrüň bir gezek nahar iýip otyrkalar boldy. Kimdir biri şonda: «Be-e ýeňermikäg-aý diýip ýeňsesini gaşady. Dragunlaryň pereýaslaw polkunyň 2-nji eskadronynyň hatardaky esgeri, Çurkin atly inçesagat, ýüziniň ýarysy elleriniň üsti tegmil-tegmil ak, saçy, gaşy, hatda kirpiklerine çenli hurmaýy gyzyl, inçejik burnuna salyp haýal hem birsydyrgyn gepleýändigi ýçin mesaýy gürlände-de sesi kimdendir birinden kineli ýaly iňirdili çykýan, soldatlaryň arasynda ýaşuly, şeýle hem syýasata ökde adam hökmünde tanalýan öz aýdyşyna görä rus-türk urşuna-da gatnaşan soldatyň bijaý gahary geldi. Ol gaýmalaşyp ýören ýüredüşgünç siňeklerden ýaňa kemsiz goýalan çorbaly gazanyň içine çemçesini çümdürip oturşyna ýüzüni-gözüni alty aýlyga ýatyp turan hassanyňky ýaly ynjyly çytdy-da:

– Alyp-almazlyk, ýeňip-ýeňmezlik baradaky gürrüňleriňizi goýuň, oglanlar. Ýaltanman barybilsek o hakda gürrüň ýok. Olar bir topuň sesini eşitmän, goýunlaryny «kişşüwläp» bakyp ýören tosun çarwalardyr. Bärden baraga-da, birki ýola «gümmürdedip» goýbäris welin nädersiň barysy birden ellerini göterip çykaňsalar – diýip, iňňildäp başlady. Gepe güýmenip bir çemçe çorbany ilden kem içäýmezlik üçin, siňekden ýaňa gyrma bolup duran çorbanyň ýüzüni serpmäne-de howlugyp, çemçesini gazana susdy-da, şol durşuna hopurdadyp goýberdi. Göm-gök damarlary mesaňa-mälim bildirip duran horja elleri şol hereketi birnäçe gezek gaýtalandan soň, üflenmän içilen gyzgyn çorbanyň zarbyça çerrielen gözlerini çat maňlayndan oturanyň iki gözüniň içine dikdi-de, sözüni dowam etdirdi. – Biziňkiler türkleriň başyna nähili oýunlar saldylar? Şolaram başda ne Şipkany, ne Karsy beresleri gelmändi. Tüpeňlerini çoçjaýdyşyp bolubilenlerini bolupdylar. Emma nätdiler? – Ol öz sözüni tassyklatmak üçin şol urşa gatnaşanlaryň birini gözleýän ýaly egni üstiaşyry o ýan, bu ýan seretdi-de, «ýeri bolýada» diýen manyda elini silkip goýberdi. – A şolary nätdiren kim? – Ol şeý diýdi-de, jogaba-da garaşman kelesini gyşardyp ýeňse tarapa ülňäp goýberdi. – Lazarew! Biziň şumatky goşun başlygymyz general Lazerew! Ol türkleriň niresinden tutup, niresinden towlamalydygyny gowy bilýär. Türkmenlerem näme, şolaryň bir syçrantgysydyr-da! Olar «türk» bolsa, bulara «türk-men»!. Şonuň üçinem, ýaňky ýaly ýeňerismi diýen gümürtik gürrüňleriňizi goýuň. – Şondan soň ol kellesiniň

gyzgynyna çenden aşa köp ýuwudan siňekleri üçin mädesiniň öňünde ötünç soraýan ýaly bir salym gaýra gaýşyp, böwrüni diňläp oturdy-da, bäbenekleri öňe çykyp duran çalymtyl gözjagazlarynyň gyrasyndaky gyzylja kirpiklerini gypyrjykladyp, täze bir hyruç bilen gürläp başlady. – Gowusy siz biziň şolary näme üçin boňun egdiremäne barýandygymyz barada oýlanyň.

Tüňňi maňlaýynyň aşagyndan Çurkiniň ýüzüne mölerilip, iki eli bilenem siňekden goranyp oturan Iwaşow şonda özüniň ýuwaşdan gelen güňleç sesi bilen:

– A sen özüň näme pikir edýäň şo barada – diýip sorady.

– Özümmi-i... – diýende Çurkiniň sesi bolşundanam beter iňňildili çykdy. Agzyna, burnuna, gulaklarynyň içine girip-çykyp, jokgarylyp duran gözleriniň jikgelerini işdämenlik hem uly yhlas bilen çokalap ýören siňeklerden goranmanam unudyp, sözüni üýtgeşik bir hyruç bilen dowam etdi. – Öz pikirim şeýle, Saşok. – Ol barmaklaryny büküp başlady. – Tekeleri biz almasak, bireýýämden bäri Hindistanda hekgerişip oturan iňlisler alar. Düşündiňmi? Büý-ä bir! Ine, onsoň olar özleriniň kelte balakly, tüýi biziňkidenem has sary aýaklarynyň aşagy bilen tekeleri basgylap geçerler-de, ine şu, ikimiziň oturan ýerimizde peýda bolarlar. Bü-de iki!

– Näme, olar beýle, siňegi gowy görýärlermikän-aý?.. – diýip, soldarlaryň biri oýunlyga saldy. – Ýa Hindistanda Çekişleriňki ýaly harasat ýokmuka?

– Bar! – diýdi-de, Çurkin akar suwuň içindäki gamyş ýaly sandyrap duran inçe hem sary barmaklaryny deňze tarap uzatdy. – Harasat bar! Deňizem bar. Hatda okeanam bar. Ýöne, olaryň göwni ine, şu deňzi küýseýär. Şuňa suwa düşesleri gelýär. Egerde, biz pursady goldan sypdyraýsak, olar gelerler-de, ine şu kenarda saýawan gurarlar. Londondan öz eýjejik ledilerini getirip, aşagynda keýp çekerler. Ikimiz ýaly orsça däl-de, iňlisçe gürleşerler. Wodka däl-de, rom, wiski içerler. Bir gözleriniň gytagy bilenem birsyhly o kenara tarap serederler. – Çurkin ýapyrylyp sorag bereniň ýüzüne jiňkerildi. – A, o kenarda oturan kim?

– Azeriler.

– Galat aýdýaň, biz! – «Azeriler» diýen soldat günäkär çaga ýaly çalaja ýylgyrdy-da, ňeäsesini gaşady. Onuň bu bolşundan beleň alan Çurkiniň «iňňildisi», «hüňňüldä» öwrüldi. – Syýasatdan başyňyz çykanok, gardaşlar! – Ol seňregini ýygyrdy. – Azeriler diýen bolýaňyz. A azeriler kimiňki? Biziňki! Gürjülerem biziňki! Dagystanlylaram, çeçenlerem, balkarlaram biziňki. Diýmek, iňlisleriň o kenara göz dikdikleri – bize göz dikleridir. Ine, türkmenlerem boýun egdirip geleris welin, bu kenaram, türkmenleriň uç-gyraksyz sähralaram biziňki bolar. Indi düşnüklimi? Düşündiňizmi?

– Onyň-a bilemok welin, ýöne men-ä bu ýörüşde biziň esasy maksadymyz tekelerden ýomutlary goramakmyka diýýän – diýip, gazan boşandan soň birneme arkaýynlaşan üçünji bir soldat demir çemçesiniň arka ýüzüni ýalap oturşyna birinji gezek gürrüňe goşuldy. – Sebäbi, biz ýomutlary öz raýatlygymyza aldyk. Tekeler

bolsabirsyhly üstlerine çapawulçylyk edip olary günlerine goýanoklarmyşyn. Ine, onsoň bizden goldaw bolmajakdygyny bildikleri ýomutlar tekelerden dat edip Eýrana ýüz tutarlar welin, halkara sahnasynda bahamyz bir şaýa döner.

Elindäki  sapy egri çemçesi bilen gazanyä düýbüni gazalap oturan başga biri bolsa ýeňi bilen maňlaýynyň derini syrdy-da başynam galdyrman:

–Biderek ýaňraýaňyz – diýip, öz pikirini orta atdy. – Ýomutlar bize diňe kagyz ýüzünde raýat. Hakykatda welin olar ýylyň sekiz aýyny Eýran tarapynda mal bakyp geçirýärler. Salgydam şolara töleýärler. Tekeler bilenem şu çaka çenli oňuşypdyrlar, mundan buýana-da oňuşarlar. Öz týrkmenleridir, gitjek ýerleri bolmaz. Oňuşmasalaram özleri bilsinler, olar bilen biziň işimiz ýok. Iňlisler bilenem işimiz ýok. Olar barybir Hyratdan bäri geçibilmezler. Çünki, biziň bu gün-erte türkmen toparyna ýöriş etmek üçin, telim aý bäri şu ýerde goş basyp ýatmagymyzyň özem iňlisler üçin uly haýbat. Olaryň köpi isläp azdan galaslary gelmez. Şonuň üçinem, bu ýörüşiň maksady iňlislerem, ýomutlaram däl-de, Krasnowodsk bilen Hywa aralygynda guruljak söwda ňolunyň asudalygyny berkitmek. Şumatdan seňriklerine kakmasak, tekeler o ýoldan biziň ýeke kerwenimizem geçirmezler. Şonuň üçinem, biz olara Orsyýediň Eýran, Hywa ýa Buhara ýaly görene kerwenini taladyp ýören ýurt däldigini bildirmäge barýas. Siz bolsaňyz eý diýýäňiz, beý diýýäňiz, ýok gepleri tapýaňyz.

Bir gözi bitaýrak, çep gulagynyň ýokarysy kertik, şilliň uzyn başga bir soldat bu meseläni has ylmy nukdaň nazardan düşündirmäge synanyşdy.

– Durmuşyň öz kanunlary bar, adamlar, ýagny, haýsydyr bir yzagalak halk hökmany suratda medeni taýdan ösen goňşusyna tabyn bolaýmaly...

– Onda näme üçin olar Eýrana tabyn bolaýmandyrlar – diýip, Çurkin ýene-de orta sokuldy.

– Eýranyň näme, medenýeti türkmenleriňkiden ýokarydyr öýdýäňmi?

– Elbetde.

– Ýok. Biz ýokary. Biziň medenýitimiz ýokary. Biz häzir dünýä derejesindäki döwlet. Uly döwlet. Türkmenleri bolsa oglanlaryň ýaňky aýdyşlary ýaly iňlisler Owganystanyň üsti bilen gysyp gelýäler. Şonuň üçinem, şu wagt biz baryp basyp almaýanymyzda-da, ertir barybir olaryň özleri gelip bizden raýatlyk sorarlar. – Şol ikiarada Çurkin bir zat diýjek boldy, ýöne ýaňy bir diliniň keýpini görüp ugran„kertikgulak» oňa gepläre maý bermedi.– Onsoňam, ýigitler, siz Ahalteke diýilse diňe Ahal ülkesi ýa Ahal tekeleri göz öňüne tutulýandyr öýtmäň. Ýo-o-o!..  bu asla beýle däl. Hernäçe dagynyk bolsalaram, bütewi bir döwlet bolmasalaram, biz şumat tutuş türkmen topragyny, ähli taýpalary bilen bilelikde külli türkmen halkyny dyza çökermäge barýas. Hywadyr – Buhara türkmenleriniň bolsa bireňňäm bellisi edildi. – Öz aýdýan sözlerine buýsanmakdan ýaňa «kertigiň» kalby joşdy. Gözlerine ýaş aňlady. Haýsydyr bir watanperwerçilikli

harby-söweşjeň aýdyma zowladybermekden zordan saklandy. Çalarak hamsykdy. – Howwa, biz häzir külli türkmen topragyny dyza çökermäne barýas. Bu biziň taryhy missiýamyz! Adamzadyň öňündäki borjumyz. Özümizden kän gowşak, medenýetsiz goňşy halka doganlyk golumyzy uzatdygymyz. Türkmenler muny bu gün bilmeselerem ertir bilerler. Olaryň bala-çagalary bizi alkyşlarlar. Şeýle ynsanperwer halkyň öňünden duz-çörekli däl-de, gylyçly çykandyklary üçin öz ata-babalaryna nälet okarlar. Egerde, barşymyz ýaly Ahaly alybilsek-k...

 Alybilsek diýen gürrüňňizi goýuň how, jan doganlar – diýip, Çurkin aýaklary bilen ýer depip durşuna aglaýjak-aglaýjak boldy. – Almak hakda gürrüň ýok diýip näçe gezek aýdyldy size. Ýöne, meniň bir gorkýan zadym bar, o-da garamyzy görenden tekeleriň galalaryndan çykyp zut gaçyp gidibermekleriniň ahmalygy. Çünki, söweşsiz gazanylan ýeňşiň mazasy bolmaýar.

 Onyň-a dogry. Şonuň şeýle bolaýaryndan bizem az ätiýaç edemizok – diýip, oturanlaryň barysy birden öňe-yza gaýkyjaklaşdylar. Iki – baka yranyşdylar. Eňňämhaçan bar zatdan ät galan ýaly gultunyşdylar, gurak-gurak ýuwdunyşdylar.

Umuman, ýeke bu däl, Çekişlerde bolýan gürrüňçilikleriň ählisinde-de tekeler barada diňe äsgermezçilikli gürrüňler edilýärdi. Olar ullakan howp hasap edilmeýärdi. Öňde duran ýörüşe-de häki bir baryp gaýdybermeli güýmenje hökmünde garalýardy.

Soldat Aleksandr Iwaşow o gürrüňlere goşulmaýardy. Dogrusy goşulara ýagdaýam ýokdy. Çünki, onuň syýasatdanam, taryhdanam, jugrafiýadanam gaty bir başy çykyp baranok. Ýöne, ýoldaşlarynyň şolar ýaly irginsiz öwünjeňliklerinem halap baraýanok. Onuň öz pikiri öz dünýägaraýşy bar. Ol urşy ýigrenýär. Mejbury ýagdaýda Ahalteke ýörüşine goşulanam bolsa, hökümediň şol syýasatyny goldanok. Parahat oturan halkyň üstüne sürnüp barylybermegini unanok. Şonuň üçinem ol özüni hemişe şolar ýaly gürrüňçiliklerden çeke tutýar we ähli wagtyny öz pikirlerine gümra bolmak bilen geçirýär.

Birinji kolonnanyň ýola düşmegi bilenem şol gürrüňler kiparlabermedi. Gaýtam möwç aldy. Güýjerledi. Ýöne, indi olaryň arasynda syýasata ökde, harby tejribeli hasap edilýän, Çurkin ýok. Çünki, atly goşun ertir ýola düşmeli.

Telim wagt bäri bizar-peteňini çykaran şol öwünjeňçilikli gürrüňleriň wagty bilen gutarmajakdygyna gözi ýeten Iwaşow soldatlaryň aýaklarynyň sazlaşykly gürpüldisine gulak salyp barşyna öz ýanyndan ýene-de oýa batdy: „Dogrudanam şol ülkä biz näme üçin barýas? Biz-ä patyşalyk goşun. Nirä git diýseler şo tarapa jünäbermeli. Şol iş watan üçin bähbitli, şol işiň ugrunda öl, diýseler öläýmeli. Dagystanlylardan düzülen meýletinçileriňkem düşnükli. Olara gazanç, pul, olja gerek. Biri öýlenmeli, biri jaý salmaly, beýlekisi öýlenende alan bergisini üzülişmeli, garaz, bahana kän. Şol maksatlaryny olar gizläbem duranoklar. Gaýtam

arzyly pursada ýetmäne, tekeler bilen tyg çaknyşdyrmana howlukýalar. Hyruç edýärler. Sebäbi olar üçin tekeleriň üstüne gidilsin, ýomutlaryň ýa düýbünden başga bir halkyň üstüne gidilsin, tapawudy ýok. Hindistana ýa Owganystana gidilse-hä has gowy. Sebäbi olar şäherli, kentli, patyşalyk hazynasy bolan gadymy, baý döwletler. Çurkin ýaly öň ors-türk urşuna gatnaşanlaram Lazarewiň hut özüniň tapyp ňygnan adamlary. Ozal synagdan geçen adamlar hökmünde generalyň esasy bil baglaýanam şolar. Umuman, bu zatlar düşnükli. Bu ýola biz gitmänimizde-de gitjek tapylar. Tapylmajak bolsa-da taparlar, ýöne, towugyňa tok diýmedik, parahat oturan bir halkyň üstüne sen-men ýok, şeýdäge-de, gylyjyňy dalawladyp barybermek dogrumyka? Onda-da özüňden kän ejiz, oksuz-ýaragsyz ilatyň üstüne. Oglanlaryň aýdyşy ýaly goý ýomutlar sebäpli bolsun, goý, iňlisler sebäpli bolsun, goý olaryň sowatsyzlygy, medenýetsizligi sebäpli bolsun, barybir bu ýörüşiň düýbünde diýdimzorluk, ejize ganymlyk ýatyr. Eger-de olar kimdir birinden zorluk görüp, bizdenem kömek sorap, haraý isläp ýüz tutan bolsadylar, onda başga mesele. Keýpihonluk bilen kömek etjek, doganlyk goluny uzatjak adam beýdip goňşusynyň üstüne goşun çekip gitmez-ä. Eýsem, Çingiz hanyň ors topragyny basyp alyp, iki ýarym asyrdanam gowrak gol astynda saklanmagy biziň ata-babalarymyzyň janyna hoş ýakandyrmy? Ýa Napelýonyň üstümize sürnüp gelmegi, Moskwanyň ýakyp ýandyrylmagy hoşlaryna gelendirmi? Ýa şol söweşlerde gyrlan halkymyzyň ahy nalalary gulaklaryna ýakandyrmy? Özlerinden ejiz saýyp, duşmanyň öňünden ak baýdakly çykaga-da göreşsiz tabyn bolan bolsalar bu günki gün biz öz ata-babalarymyza nälet okamazmydyk? Aleksandr Newskiý ýaly gerçekler öňe çykyp, ýurdy şwedlerden, nemeslerden goramadyk bolsalar bu günki gün olaryň barysy taryhyň öňünde günäkär bolmazmydylar? Eger-de şeýle bolsa biz nämüçin boýun egenoklar diýip türkmenlerden gaty görýäs? Nämüçin özümize rowa görmedik masgaraçylyklarymyzy olara rowa görýäs? Ýa olarda watançylyk duýgusy ýokdur öýdýäsmi? Ýa olaryň gerçekleri ýokdur öýdýäsmi? Olaryňam indiki nesilleriniň öňünde buýsançly görünesleri gelýän dälmidir eýsem? Ýa erkinligi bizçe söýýän däldirlermi?

Iwaşow öz agyr oýlaryndan açylanda, soldatlaryň başky goh-galmagallary, gep-gürrüňleri, aýdym saz, barysy ýatyşypdy. Çünki, ýere sokup barýan tüp yssy, tozan, daş-töweregi gurşap alan çöllük, Ahaly nazarlap Çekişlerden uly hyruç bilen çykan soldatlaýň sussuny basym peseltdi. Diňe aýak sesi eşidilýär, o-da başly-barat. Aýak aşagyndan göterilýän tozan dik asmana galýar, soldatlaryň demini tutýar. Hopukdyrýar. Kimdir biri irkiljiräp barşyna özi-de bilmezden gyşara-gyşara assa-ýuwaş hatardan çykýar, yza galýar, birdenem tisginip özüne gelýär we ylgaşlap baryp öňki ornuny eýeleýär. Halys içi gysan soldatlaýň käbiri iň bolmanda ünsüni çeker ýaly geň bir zat görmek tamasy bilen boýnuny süýndürip daş-töweregine garanjaklaýar. Ýöne, tamasy çykanok. Şol, birmeňzeş meýdan.

Tekizlik. Çöp-çalam. Iň ýamanam soldatlaryň suwy gutardy. Çekişlerde limonaddan we selter suwundan boşan çüýşeleriň daşyna keçe tikip, adama iki mytara ýasapdylar we suwdan dolduryp ýanlary bilen alyp gaýdypdylar. Olaram basym taňkyrady. Gün bolsa depäňi deşip barýar. Hemmeleriň endam-jany, eşikleri bilen bilelikde öl-myžžyk. Arasynda şemal öwsen wagty eşikler gurap doňýar-da, gabarylyp, şokurdap dur. Ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny guran dilleriniň ujy bilen ýalaşyp, suw tamakinçiliginde alyslardan-alyslara garaýarlar.

Birdenem, öňde köl göründi. Soldatlar guran bokurdaklaryndan çykýan ysgynsyz sesleri bilen: «Ur-ra-a...» diýşip şo tarapa ylgaşdylar. Emma, bular golaýladyklarysaýy köl añryk gaçdy. Onuň salgymdygyny soldatlar esli ýere çenli kowalaşanlaryndan soň bilip galdylar we lapykeçlik bilen, öňki hatarlaryna dolanyp geldiler. Ýerli-ýerden hüňňürdeş diler. Hoňňuldaşdylar. Kimedigi belli däl, hapa-hapa sögünişdiler.

Şol günüň ertesi öňlerinden çykan Dülidepe kölüniňem salgym däldigine olar tä, gyrasyna baryp dyzlaryna çökýänçäler, goşawuçlaryny dolduryp agyzlaryna eltýänçäler ynannyp bilmediler.

Ýöne, soldatlar barybir bu kölüň suwundan içip bilmediler. Ajy ekeni. Gyrak-bujakdaky guýularyň suwy bolsa zaýalanypdyr. Şonuň üçinem, soldatlar ýerli-ýerden, alaka ýaly ala-hasyrdy bolşup täze guýy gazmaga girişdiler. Ýer yzgar bolansoň suw uzak garaşdyrmady. Ýöne, suwsuzlykdan ýaňa halys surnugan soldatlaryň bisabyrraklary soldat köýneginden ýasalan ilkinji meşigiň doldurylaryna hem garaşman, ýerli-ýerden guýa tarap topuldylar. Meşigi biri-birleriniň elinden aljak bolşup, suwy dökän-saçan etdiler. Itenekleşdiler. Käbirleri çiňarkanlygyna suwly çukuryň içine gaçsa, käbirleri onuň gyrasyndaky gyzgyn çägäniň üstüne ýüzün ýykylyp maňlaýyny daglady. Iki sanysy bolsa desbe-dähel ýaka tutuşyp başladylar. Biri beýlekisiniň döşünden itip ýykdy. Ýykylanyň ýeňsesi guran gara çöňüre degdi. Ganady. Ol ýaralanan ýerini tutup oturşyna özüni ýykana seredip erbet sögündi. O-da onuň enesine ýetdi. Ýykylan gana boýalan aýalaryny gyzgyn çägä diräp ýerinden turdy-da, enesine är bolanyň ýakasyndan ýapyşdy. Ýöne, olary basym araladylar. Oňa çenlem bir ýaş komandir ylgaşlap geldi-de, olaryň ikisine-de käýýedi. Ilkinji duş gelen berkitmede ikisine-de berk çäre görjekdigini aýtdy.

Suwly «meşigi» ilkinji bolup başyna çeken daýaw, ýap-ýaňyja saçy syrylandygy sebäpli kellesi günüň şöhlesine tylla tas kimin ýaldyrap duran, egni köýneksiz, aýagy köne çepekli soldat gök gözlerini petreýtdi-de, düýbünden suw syzdyryp duran meşigi pylçap ýere urdy.

 Ajy-yy-y – diýip, edil ýaraly böri deý diň-gögüne bakyp uwlady. – doganlar, içmäň, bu-da ajy-y... şo-or!...

Hernäçe suwsanam bolsa, göwresiniň ejizligi zerarly dyknyşyga giribilmän, gezek ýeter diýen tamasy bilen häliden bäri guýunyň daşynda gybyrdyklap ýören eli kelte, aýaklary ondanam kelte burny paşşygrak, tegelek ýüzli ullakan gözleri peträp duran ýigdekçe ýaňky howsalaly çagyryşdan soň özýni lampa ýere goýberdi. Mawy gözlerini çerreldip daş-töweregine aýlandy. Hamsygýan çaga ýaly «has-has» edip aýaklaryny debşenekletdi. Birdenem ýer ýumruklap ulyili bilen gygyrmana başlady.

– Nälet siňmiş ýurt! Jähennem bolmuş teke! Öň-ä bize üç aýlap siňek iýdirdi. Indem ýola çykar-çykmaz suwsuz kösäp başlady. Kim bilýär, bize öňde nämeleriň garaşýandygyny!

Familýasy Matrosow bolansoň, soldatlar onuň öz adyny Matros diý ip tutýardylar. Elmydama tagaşyksyz, gülkünç hereketler edip, gülkünç sözler aýdyp ýörendigi, şeýle-de garaşylman durka çyna berimsiz morta bir zat aýdyp goýberýändigi üçin ol köplenç degişmäniň, gülüşmäniň sebäpkäri bolýardy.

Başga bir wagt bolan bolsa-dy, onda ol häzirem gülki ýassygyna öwrülerdi, ýöne, häzir hiç kimiň ýadyna gülki düşenok. Her kim öz başyna gaý. Şonuň üçinem, asla oňa hiç kim, ünsem bermedi. Özi gygyrdy, özem goýdy. «Aglap» bolandan soňam aýaklaryny uzyn salyp, agzyny açyp, her kimiň ýüzüne bir öweldi oturdy.

Ýöne, her niçik hem bolsa, başga çykalga bolmansoň soldatlar şol suwdan içmeli boldular. Limon kislotasy, gant bilen suwuň tagamyny üýtgeden boldular welin, barybir keşdiň çeker ýaly däl. Gaýnadyp gyzgynlygyna içip gördüler, erbet däl ýaly, ýöne sowansoň ýene-de öňküligi. Edil aşgazanyňa bir gysym çakyrtiken taşlanan ýaly edäýýär. Içegeleriňi köýdürip barýar. Bokurdagyň dagy edil, içine pyçak sokup çykarylan ýaly.

Hä diýmänem soldatlar çermeklerini çekişip çar tarapa ýumlukdylar. Hersi bir çöpüň aňyrsyna bukuldylar. Garaklaryň çygar şahalaryndan ýapyşyp, çygylyşyp, gözlerinden «paýyr-paýyr» ýaş döküp, oýan, buýan kak kimin towlanyp oturyşlaryna indi barysy birigip tekelere sögüp başladylar.

Birdenem garaklaryň biriniň aňyrsyndan:

–Doganlar! Meniň hajatymda gan görünýä! Içimden gan geçýä! – diýen naýynjar ses eşidildi.

Ýöne, içinden gan geçip ugran soldatyň sany bir ýa iki däl. Çünki, şolar ýaly şor suwdan olar düýnem birki ýola içmeli bolupdylar.

Onuň üstesine soldatlaryň içinde Gün uranlaram az bolmady. Şol iki günüň içinde bäş sany ýabam öldi. Çekişlerden çykylaly bäri kolonnanyň gapdaly bilen seňkildeşip gelýän iki sany gara it hem jöwzanyň pidasy boldy.

Bu ýoluň iňňän agyr hem hupbatly boljakdygyny, ähli zadyň edil çak edilişi ýaly ýeňillik bilen ele gelmejekdigini soldatlar indi aňyp başladylar.

Şolar ýaly oý kiçijik hem tagaşyksyz göwresini ulurak garagyň kölegesine sokup, içegeleriniň jugurdysyna diň salyp ýatan Iwaşowyaňam aňyndan sowa geçmedi. Dini-ygtykada ynanýandygyna görä, bu zatlaryň sebäbini ol bigünä oturan halkyň üstüne başlanan ýerliksiz ýörişi Hudaýyň halamandygyndan gördi. Onuň göwnüne Biribar şol wagt tekeleriň tarapynda ýaly bolup göründi.

## 7.Gökdepedäki maslahat

Goşunyň Çekişlerden çykyp Ahala ugrandygy baradaky habar gelip ýetenden soň Ahalyň han-begleri, serdarlary maslahat üçin gyssagly suratda Gökdepä, Nurberdi hanyňka ýygnanadylar. Nurberdi hanyň syrkawlygy sebäpli henizem Marydan gelmändigi üçin, maslahaty bu gezegem onuň ogly Berdimyrat han alyp barmaly boldy.

Dykma serdar, Gulbatyr serdar, Orazmämmet han, Hanmämmet atalyk ýaly gala hanlary, oba serdarlary, Gurbanmyrat işan, Kerimberdi işan kimin din wekilleri bilen bir hatarda maslahata Gönübek, Tilkiçi şahyr ýaly il içinde sylanýan gepi-sözi han-begleriňki bilen deň-derejede diňlenýän bagşy-sazandalardyr-şahyrlar, Gara batyr, Jyýky batyr, Ruhy batyr Ahally ýaly ýaş, edermen ýigitlerem gatnaşdylar. Hakyda molla ýarawsyzlygy zerarly gelip bilmedi. Ol köpçüligiň geljek karary bilen ylalaşjakdygyny aýtdy.  Içeriniň darlyk edendigi sebäpli ýaşlaryň köpüsi öýüň daş-töwereine üýşdiler.

Maslahat öňküden giň hem has çynlakaý boldy. Gürrüňiň iňňän ähmiýetli mesele barada gitjekdigini ýygnananlaryň ýüzleriniň tutuklygyndanam aňmak bolýar.

Nahar-şor iňlip, töwür galdyrylandan soň, daşyndan seredeniňde uly gyz ýaly edepli görünýän, ýuwaştap, her bir sözüni howlukman, däne-däne edip düşnükli gepleýän, göwresi gamçy ýaly syrdam, boňny dutaryň sapy dek uzyn, nepisje gara murty inçe hem akýagyz ýüzüne gelşik berip duran Berdimyrat han hemişe wajyp bir zat aýtjak bolandaky eden endigine görä çalarak ardynjyrady-da, çep dyzyny gobsundyryp goýberdi, soň arkan gaýyşdy, gözlerini gypyrjykladyp eginleri üstaşyry taýly gezek daş-töweregine seretdi.

 Onda näme, başlabereliňmi, adamlar? – «Başlaber», «Aýdyber Berdimyrat han» diýen ýaly kimden çykandygy belli bolmadyk, başly-barat sözlerden soň ýaş han şeýle diýdi: - Köpden bäri böwrümize sanjy bolup duran tikeniň ýarasy iriňledi. Ol indi ýaryljak bolup dur. Köpden bäri deňziň boýunda

bäri garap, käte bir guňrugyny «tarpyldadyp», haýbat atyp ýatan aždarhanyň agzy Ahala tarap öwrýldi. – Berdimyrat han sesini ýuwaşadyp, öňküsindenem asuda gürledi. – Gürrüňiň näme hakda barýandygyň-a bilýänsiňiz, adamlar. Näme üçin çagyrylandygyňyzam aňýansyňyz. – Ol ellerini ýere diräp biraz yza süýşdi. – Indem näme, söz sizden. Kimde nähili teklip bar bolsa çekinmän aýdybermeli. Tutuş ýurduň, halkyň ykbaly şu maslahatyň çözgüdine bagly. Hakyda mollanyňam aýdany şol. Bir bada elhenç dymyşlyk emele geldi. Soň oturanlaryň barysy birden Gurbanmyrat işan bilen Kerimberdi işanyň ýüzüne seredişdiler. Ol ikisem esli wagtlap biri-birleriniň ýüzlerine seredişip oturdylar. Ahyram Kerimberdi işanyň daýaw göwresi yraň atdy. Dodaklary çalaja gymyldady.

 Gurbanmyrat, sen özüň başlaý öňürti.

Gurbanmyrat işan «bor» diýen ýalam etdi-de, şondan soňam esli wagtlap sesini çykarman aşak bakyp oturdy. Birdenem çalt-çalt hem aýgytly gürledi.

 Maslahat-a näme, Berdimyrat han, öňki gezekki Aşgabat maslahatynda-da jemleniberipdi. Şonda ine, şu oturan adamlaryňam köpüsi bardy. Hemmeler biragyzdan: boýun bolmaly däl, uruşmaly, diýdiler.

Dogry şol! – diýip, ýaş batyrlary daşyna üýşürip oturan Garabatyr dogumly çykýan ýogyn sesi bilen «gübür-gübür» etdi.  Maslahat Aşgabatda jemlendi. Indi bize diňe uruş hereketleriniň gürrüňini edäýmek galýa. Başga maslahat ýok. Kim nämä ýolbaşçylyk etmeli, kim nireden çozmaly, kim-kimler bukuda durmaly, atlylar nähili hereket etmeli, pyýadalar özlerini nähili alyp barmaly, ine, şu zatlary takyklamaly.

Ýaşlaryň hemmesi diýen ýaly Gara batyryň aýdanlaryny alyp göterdiler.

 Dogry!

 Köp çekeleşip oturmagyň geregi ýok!

 Maslahat belli, uruşmaly!

 Boňun egmeli däl.

 Getirmeli däl duşmany şu tapraga.

Muny eşidip, öýüň daşynda gum ýassanyşyp ýatan ýigitlerem ýanbaşlarynyň gumuny kakyşyp ýerlerinden galdylar.

 Duşmany diňe ýarag bilen garşylamaly!

 Başga gürrüň ýok!

Ýaşlaryň ýaşulylardan öňürti öňe omzaşyp oturmaklary köplere ýaramady. Muny esasanam ýaşulylaryň özleri gaty gördüler. Olar aşak bakyp oturyşlaryna ýaşlara tarap göz astyndan gaharly seredişdiler, nägile halda ardynjyraşdylar, başlaryny ýaýkaşdylar. Kimdir biri ýaşulylar gepläp bolman ýaşlara söz bermeli däl, diýen teklibi girizjek boldy. Ýöne, başlyklyk ediji Berdimyrat han geňeşiň deň

hukuklydygyny, kimiň haçan gepläsi gelse hakynyň bardygyny aýdyp, ol teklibi ret etdi. Şeýle-de bolsa, ýaşlara mümkin boldugyça sypaýyçylygy saklamaklygy tabşyrdy. Duýduryş berdi. Soňam Gurbanmyrat işanyň ýüzüne seretdi. Gurbanmyrat işana ýüzlendi.

– Dowam ediberiň işan aga.

– Men aýtjagymy aýtdym. Çözgüt öňki. Uruşmaly. Köp gepläp ýa çekeleşip oturandan peýda ýok. – Ol Kerimberdi işana seretdi. – Galanynam näme, ine Kerimberdi aýdar.

Kerimberdi işan özüne mahsus bolan agraslyk bilen esli wagt aşak bakyp, sesini çykarman oturdy. Soňam usullyk bilen, başyny galdyrdy.

– Meňňem, pikirim şol. Duşmany ýurda goýbermezlik. Dogry, güýç deň däl, ýöne gelinen çözgüt şol.

Berdimyrat han bir ýerde çogdum bolup oturan han-beglere tarap seretdi.

– Işan agalaryň, ýaş batyrlaryň sözün-ä eşitdiňiz. Hany, siz özüňiz näme diýýäňiz?

– Olaňky belli, Berdimyrat han. Olar öňki gezegem uruşmaly däl, diýdiler. Bu gezgem üýtgeşik gep aýdaslary ýok – diýip, Garabatyr söz berilen adamlardan öňürti dillendi.

– Goý, ýene bir gezek aýtsynlar. Öňki maslahat bilen bu maslahatyň tutumam deň däl, derejesem. Ähmiýetem uly. Öň bir adama gelen hat ara alnyp maslahatlaşylan bolsa, bu gün ýetip gelýän ýagynyň maslahaty gidip dur. Uly iliň ykbaly çözýljek bolup dur. Onsoňam belki, adamlaryň pikirini üýtgedini bardyr.. Goşmaça bir zat diýjekleri bardyr...

– Aý, hatam bolsa, petegem bolsa aýdybildiler-le şo gezek aýtjaklaryny – diýip, Gurbanmyrat işanam Garabatyry goldady.

Megerem gaharyny ýuwdan bolsa gerek, Kerimberdi işan uludan ýuwdundy.

– Onda-da aýtsynlar, Gurbanmyrat, Berdimyrat dogry aýdýar, geňeşiň düzgüni şeýle.

Berdimyrat han oturan ýerinde çalaja gozganjyrady-da, ýene-de han-beglere ýüzlendi.

– Aýdyberiň adamlar, söz sizden. – Soň ol Dykma serdara tarap baş atdy. – Öwezmyrat aga, siz başlaýyň.

On üç ýaşlaryndan başlap alamançylyk edip ugran, telim gezek Tähran-Maşat ýollaryny, Nardyny, Büjnürdi, Goçandy çapyp külli Eýrany dada getiren, Nurberdi han hanlar hany edilip belleneli bäri Ahalyň baş serdary hasap edilýän, Börme hany Dykma serdar lakamly Öwezmyrat batyr edermenligi, çaparmanlygy, batyrlygy, güýçli serkerdeligi bilen ýeke bir Ahalda ýa türkmen topragynda däl,

eýsem Eýran, Hywa, Buhara ýaly goňşy döwletleriň arasynda-da, on ýyla golaý wagt bäri Hazaryň gündogar kenarynda, Krasnowodsk berkitmesinde ornaşyp, wagtal-wagtal Ahal sary owsun atýan, kä hoşniýetli, käte bolsa talaňçylykly ýörüşler geçirip gelýän ors harbylarynyň arasynda-da giňden tanalýan meşhur adam. Ors generallarynyň Ahal hany Nurberdi han ýaly uly hanlar bilen bir hatarda, onuň adyna hem hat yzyna hat ýollamaklary-da, sylag-serpaý ibermekleri-de, onuň hut, şol meşhurlygy bilen bagly. Çünki, birneme gyňyrrak häsiýetli, özdiýenli, il içinde gepi ýöreýän bu adamy öz tarapyna çekmekligiň edilmeli işiň ňarysyna barabardygyna olar gowy düşünýärdiler.

Ençeme ýyl bäri, onda-munda, aram-aram ors otrýadlary bilen bolan ownukly-irili çaknyşyklarda hem Dykma serdar hemişe ýeňiji bolup çykýardy. Hatda, Hazar deňziniň ýakalaryna çenli gidip, ol ýerdäki harby berkitmelerine çozan gezeklerem az bolmandy. Ondan ýaňa dat edip, goşmaça kömek üçin, garnizon naçalnikleri hatda birnäçe gezek öz hökümdarlaryna ýüzem tutupdylar.

Ol bu zatlaryň hemmesini orslary Ahal topragyna getirmezlik üçin edipdi. Emma ine, häzir welin ol düýbünden başgaça sözlemäne mejbur bolup otyr. Sebäbi, öňli-yzly bolup geçen şol çaknyşyklardan soň ol bu mesele babatda köp zatlary öwrüp-çöwürdi. Köp pikirlendi. Hususan-da, Gazawat urşunyň pajygaly wakalary baradaky habarlar Ahal iline dolansoň-a hasam köp zatlary sallarlap gördi. Juda köp zatlary akyl paýhasyndan geçirdi. Eger uruş bolaýsa, onuň berip biläýjek netijelerini göz öňüne getirdi. Soňky döwürlerde bolsa, ol urşuň halka gyrgynçylykdan başga hiç zat berip bilmejekdigine ymykly göz ýetirdi. Ýetip gelýän goşunyň öňküler ýaly sanlyja soldatlardan ybarat otrýadlar däldigine, urşuňam alamançylyklardaky ýaly ýalaňaç gylyçly urşulýan «gaç teke», «çöz teke» urşy däldigine-de düşündi. Şonuň üçinem, geçen gezekki Aşgabat maslahatynda açykdan-açyk, uruşmazlygy teklip etdi. Ol bu gezegem şol sözüniň üstünde durdy.

– Meniň-ä sözüm dogrudanam, ýaňky Gurbanmyrat işanyň aýdyşy ýaly şol bir söz, Berdimyrat han. Uruşmazlyk. Özem meň şuny gorkaklygymdan ýa namartlygymdan aýtmaýandygymy şu oturanlaryň hemmesem bilýändir. Ýöne, başga ýol ýok. Käbir adamlar gaty görseler-de, ýumşak görseler-de, men şuny aýtmaly bolýan: bu ýagy bizlik däl. Olar gajarlar däl, biziň çekinmän urýan tatlarymyzam däl. Bularyň tutumy uly – diýip, daýaw göwresine gelşik berip duran, aşak etegi seçelenäge-de, çalarak ikä bölünip gidýän sakgalyny sypalap, aşak bakyp oturşyna Dykma serdar iki dyzyna gop berip söze başlady – Şu sözleri aýdyp oturmak maňa-da aňsat däl. Gelýän goşunyň aňyrsynda uly döwlet dur. Biz kim? Biz bir bäş oýnam agzala türkmen. Beýleki taýpalar-a beýlede dursun, siz entek öz tekeleriňizem doly ýygnap bilmersiňiz. Şonuň üçinem gala gurýaňyz... Halky şonuň içine ýygnap, mejbury suratda uruşdyrjak bolýaňyz...

Ýaşlaryň içinden kimdir biri:

– «Eýdýäňiz, beýdýäňiz» diýen bolup, sen özüňi bizden başga tutýan ýaly terzde gürleýäň-le, how, serdar aga – diýip, kinaýaly gepledi.

– Gep ýeke mende däl, adamlar. – Ol gürrüňe başlaly bäri birinji gezek bereketli ýüzüni ýerden göterdi. Balkyldap duran mähirli gözlerini daş-töweregine aýlady. – Sizde-de däl... – Soň ol Garabatyryň daşyna üýşüşip oturan ýaş batyrlara tarap baş atdy. – Bularda-da däl. Orta çykaga-da, gylyç işledenimize, darkaş guranymyza, ýeňsek ýeňdik, ýeňilsegem ýeňildik diýäge-de gaýdyberenimize-de bagly däl. Gep halkda. Aýal-ebtatda. Çagalarda. Gojalarda. Bu urşuň şolardanam sowa geçmejekdiginde. Şol gelýän apy ýylanyň barymyzy bilelikde ýalmap-ýuwutjagynda.

Ýaşlaryň arasyndan ýene-de närazyçylykly sesler eşidilip ugrady.

– Ondan gürrüň bolmaz, serdar aga.

– Ol bir züwwetdin gorkagyň aýtjak zady-laý.

– Serdar aga, biz sizi tanamajak bolýas.

– Duruň entek, men aýdyp bolaýyn – diýende, Dykma serdaryň sesi ynjyly çykdy. – Iň ýamanam güýç deň däl. Olaryň çalt atýan ýaraglary bar. Bizde bolsa sowuk ýaragdan başga zat ýok diýen ýaly.

Gurbanmyrat işan:

– Ýa, he-eý... – diýende, ynjamakdan ýaňa, aksowult ýüzi çapady ýaly gyzardy. – Ýürek bolsa ýarag bolar. Şol bolmasa ýaragdanam peýda bolmaz. Uruşda, göreşde iş bitirýän şoldur. Onsoňam bize iňlisler kömek etjekler. Aşgabatdaky maslahatda özüňizem eşitdiňiz. Ony iňlisiň wekili öz agzy bilen aýtdy.

– Aý, ojagaz utanjaň iňlisden-ä asman ýakynmyka diýýän – diýende, Kerimberdi işanyň gözleri üzre bürelip duran çal gatyşykly gara gaşlary çytyldy. Çalarak gara öwüsýän bugdaň reňk tegelek ýüzi agardy. Süňklek çekgelriniň hamy tirpildedi. Boňun damarlary göz-görtele galdy. – Asla hiç kimdenem haraý bolmaz. Şuny bek biläýiň. Bar zat diňe öz güýjümize bagly. Ho-ol, öňräk Mekgeden meň bilen bile gelen bäş-üç sany arap bilen türki-hä bilýänsiňiz. Ýadyňyzda bolsa şolaram agyzlarynda aş baryny gatyklapdylar. «Orslary getirmäň, din-duşmanyňyzdyr, gerek bolsa bizem kömek ederis», diýşipdiler. – Kerimberdi işan damarlary görnüp duran süňklek elleriniň aýalaryny serip töweregindäkileriň ýüzüne seretdi. – Hany şolar? Hany eden kömekleri? Gyssanan wagtyň birem-ä görnenok gapdalyňda.

Dykma serdaryň sesi güňleç çykdy.

– Görünmezlerem.

Gurbanmyrat işanyňam sözüni gaýdyp alasy gelmedi.

– Görünerler, görünerler. Ýöne, oň üçin olara habar ýetirmek gerek. Men ine, şu meselä-de garalmagyny isleýän. Kölegäňden öýkeläp oturman, yslamyň goragyna ymykly çykmak gerek. Onsoňam ýer ýüzünde Emrika, Pereň, Hytaý ýaly uly döwletler bar. Olaram bulara beýtdirip, edenlerini etdirip ýörmezler-ä. Haý-küş ederler-ä...

– Hakykatyň ýüzüne dogry seredeliň, işan aga – diýende, Dykma serdaryň göwresi elenip gitdi. Giň maňlaýy çygjardy. – Öz bähbidi bolmasa hiç kim saňa kömek etmez. Seň üçin, meň üçin o-ol, agzan ýurtlaryň Orsýet ýaly uly döwlete duşman bolmazlar. Ýene bir haýyşym bar, şu ikorta din dawasyny goşmaň. Sebäbi bu ýerde o mesele ýok. Ors seni öz dinine salmak üçin gelenok. Bu ýerde onuň dindenem has möhümräk, başga bähbitleri bar.

Gurbanmyrat işan gök çäkmmeniniň syýlaryny iki dyzynyň aşagyna düýrläp, öňe omzady.

– O-da bolsa bardyr, ýöne, din dawasam bar, Öwezmyrat. Sebäbi ors kapyr.

– Birinjiden-ä haýsam bolsa bir dine uýýan, Hudaýyň barlygyny ykrar edýän adama ors bolsun, «hyrs» bolsun, kapyr diýmek külli günädir», işan aga. Ikinjidenem..

Gurbanmyrat işan ýüzüni kese sowdy.

– Bä-ä-ä... Sen-ä Öwezmyrat, tüweleme, bizi okutjag-ow.

Töwerek – daşdanam:

– Ahow, Dykma, bize seniň takwalygyň gerek-gä bu wagt. Rast, sen baş serdarmy, köp gepleme-de, meseläni bir ýüzli et. Bolmasa-da sowul ýoldan.

– Biz bu ýere agzaçara ýygnanamyzok, orsly meseläni çözmäne ýygnandyk.

– Aý, ol öz sözüni gögertjek bolup her zat eder-laý... – diýen ýaly kinaýaly sesler eşidildi.

Dykma serdar özüni elden bermedi.

– Men o gürrüňi gepiň gerdişine görä diýdim, adamlar. Düşünişmezlik bolmasyn. Gynansak-da, şol mesele boýunça ýene bir zady aýtman durup biljek däl. Ýagny, işan agaň aýdyşy ýaly gep orsuň kapyrlygynda bolsa, dawa-da din dawasy bolýan bolsa, onda bi, siziň iňlisden kömege garaşmaňyz näme? Olar näme musurmanmy? Galyberse-de Hytaýy, Emrikany, Pereňistany näme üçin agzaýaňyz? Olar bilen näme, dinimiz birmi? Ýa orsy gaýtaryşanlaryndan soň şol döwletleriň mollalary gelip her jumada biziň mollalarymyz bilen namaza durarlar öýdýäňizmi? Ýa-da ine, Eýrany alyp göreliň. Olar bilen näme dinimiz bir dälmidi?...

Oturan ýerinden ýapyrylaga-da, Dykma serdara tarap dodagyny çommaldyp:

– Eýran şaňy-y – diýende Gurbanmyrat işanyň ullakan ala gözleri ýaldyrap gitdi. Aşagy çürelip gidýän uzyn, mäşbürünç sakgaly titredi. – Biz bolsak sünni-i...

Dykma serdar biliner-bilinmez ýylgyrdy.

– Şaýy näme, musurman dämi? Däl diýseňiz onda Hywa bilen Buharany alyp göräýeliň. Şolar ho-onha, sünnem-dä! Emma olardan biz az sütem gördükmi? Ir döwür şu sebitlere gelip Hywa hany Abylgazy hanyň bir özüniň gyranam-a bardyr, türkmeniň şu wagtkysyça. – Dykma serdar tutuş öýüň içine nazar aýlady. – Bagyşlaň adamlar, men muny öňde duran wakanyň din dawasy däldigini nygtamak üçin aýtdym. Muny men Orsyýediň Hywany, Buharany basyp alandan soň: dinimize giriň ýa diniňizden çykyň diýmändigi bilenem düşündirip biljek... – Dykma serdar Berdimyrat hana ýüzlendi. – Men-ä aýtjak sözümi aýtdym, han. Ýöne, köpçülik nähili karara gelse menem şonuň bilen bolaryn. Köpçüligiň çözgüdinden çykman. Uruşmaly bolsa uruşarynam, gerek bolsa başymam goýaryn.

Gurbanmyrat işan kanagatlanmak bilen Dykma serdara tarap baş atdy.

– Ine, munyň bolýa.

Şondan soň Berdimyrat han sözi syçmazlaryň kethudasy, Ahalyň Hywa raýat bolan döwründe şolaryň şu ýerdäki dikmesi bolup oturan, Gazawat urşuny gözi bilen gören Hanmämmet atalyga berdi.

Hanmämmet atalyk Gönübek sazandanyň gapdalynda, Berdimyrat hanyň çep tarapynda tärime arkasyny ýaplap otyr. Ol häliden bäri Gönübegiň yzly-yzyna çekip oturan çiliminiň tüssesine boguljyrap üsgürýär, özüne tarap burum-burum bolup gelýän çalymtyl tüssäni eli bilen kowýar. Ýöne, Gönübege: goý şunyňy, çekme, diýip bilenok. Özüne söz berilenden soňam ol birmeýdan gark urup üsgürdi-de, dikejegine galdy. Ykjamlandy. Owurdy içine gidip duran hortap maňlaýy, çekgeleri hal atan sarymeňiz ýüzüni ilki hana, soň Dykma serdara tarap öwürdi. Şonda onuň çep gabagy titir-titir etdi. Bir zatdan gorkan ýaly hemişe howatyrly görünýän ullakan, şöhleli gözleri birnäçe gezek açylyp-ýumuldy. Söze başlamazdan öň inçe barmaklary bilen etegi sarymtyl, galan ýeri çal, seýrek sakgalynyň düýbüni dyrmalady. Geplände, endigine görä sesini sandyradyp pessaý gürledi.

–Eýsem-de bolsa... – Ol sakyndy-da, esli mahal böwrüni diňläp oturdy. Pikirini jemländen soň başyny galdyryp Berdimyrat hanyň ýüzüne çiňerildi. – Eýsem-de bolsa men uruşmaklygy teklip edýän adamlaryň ýüreklerine düşünýän. Onda-da edil öz ýüregime düşünişim ýaly düşünýän. Sebäbi meňňem ýüregim şony diýýä. Meseňa diýäge-de, ýurduňy bermeg-ä däl, düşmana ýekeje daban ýeriňi basgylatmagyňam nähili agyr düşjekdigini duýýan. Ýöne, nätjek, Dykma serdaryň aýdyşy ýaly güýç deň däl, batyrlyk bilen bitirjek goşuň ýok. Mert uruş

däl. Gyrgynçylykdan başga gazanjak zadyň ýok. Ýagdaý şeňlekä halky şo tarapa iteklemek hökmanmyka? – Hanmämmet atalyk ýüki ýeňlän ýaly uludan sowuk demini aldy. – Meňň-ä nüçe geplesemem şundan başga aýtjak zadym ýok.

Köpçüligiň içinde gowur döredi. Dumly-duşdan ýene-de her hili içi güjükli sözler ýagyp başlady. Hern-ä Berdimyrat hanyň göwresini dikgerdäge-de, boýnuny süýndürip öýüň içine göz aýlamagy bilen galmagal kiparlady. Kem-kemdenem ýatyşdy.

Şondan soň Berdimyrat han, söz nobatyny Orazmämmet hana berdi.

Boýy ortadan ýokarrak, eti-gany ýerinde, burny gönümel, ýüzi dolmuş ýaňaklaryýaş gyzyňku ýaly ýalpyldap duran, murty ýogyn, sakgaly boldumly, ýeke geplilikde agraslykda özüni bütin ile tanadan bu kişi şu maslahatyň içinde Berdimyrat handan soň ikinji adam diýsegem ýalňyş bolmaz. Ol tekäniň togtamyş taýpasynyň beg urugyndan, onuňam goňur, goňuryňam garagoňur tiresinden. Kakasyna Hyjygurban, atasyna Mämmetweli kazy, ondan aňyrsyna Ak kazy diýerler.

1850-nji ýylyň gyşynda külli tekä ýeke-täk bir han saýlamak barada Gökdepede uly maslahat geçirildi.

Oňa Mary etraplaryndan, Sarahsdan, Tejenden, Kürtüşden, Gyzylarbatdan, Balkandan, köp-köp serdarlar, han-begler, Ak işan, Atajyk molla ýaly görnükli din wekilleri gatnaşdylar.

Maslahaty Atajyk molla alyp bardy.

Şonda, Görogly begden Şirgazy han zamanasyna çenli tekeleriň 18 sany baş hanlygynyň bolandygy dogrusynda söhbet edildi. Şirgazy han döwründe baş hanyň Döwletmämmet Düýegöz aga bolandygy, ondan soň baş hanlygyň Keýmir köre, ondan soňra Annaseýit wekile, ondanam Myrat serdara geçendigi, 1819-njy ýyldan, ýagny Myrat serdaryň wepadyndan soň tekeleriň birnäçe gala hanlarynyň bolandygy, emma baş hanyň bolmandygy ine, indi şonuň dikeldilmeginiň zerurdygy aýdyldy. Türkmenleriň mongollardan bäri belli bir başsyz, dagynyk halda ýaşaýandyklary, şol zerarly dumly-duşdan çapylýandygy, halk hökmünde hiç kim tarapyndan äsgerilmeýändigi göz öňüne tutulyp, şundan şu ýana ýeke bir tekeleri däl, eýsem külli türkmeni bir hanlyga birleşdirmek meselesem orta atyldy. Şeýle-de bolsa, şol gezekki maslahatyň esasy wezipesi teke türkmenleri üçin baş han saýlamakdan ybaratdy.

Şonda hanlyga ak wekilli Nurberdi han bilen garagoňurly Orazmämmet han teklip edildi. Şol wagt olaryň ikisem öz tireleriniň hanydy. Haçanda ses sanaşyk bolanda Orazmämmet hanyň sesi köp çykdy. Ýöne, ol öz islegi boýunça hanlykdan ýüz öwürdi. Köpçülige ýüzlenip:

– Adamlar! Ynam bildireniňiz üçin men sizden köp minnetdar. Ýöne, maňa dogry düşünmegiňizi haýyş edýän. Çünki, men hanlyk maňa görä-de Nurberdi hana has mynasypdyr, diýip pikir edýän. Sebäbi, ol birinjiden-ä Was eýýäminiň ýaşulysy Döwletmämmet düňegöziň şägirdi Aman begiň yzy. Ikinjidenem Döwletýar baýyň ogly. Iliň öňüne düşüp hanlyk kesbini ýöretjek bolsaň mal-döwletli, çörekli bolmagam gerek. Menem, Hudaýa şükür, rysgalymdan nalamok, ýöne, hanlyk sürere harajadymyň ýokdugyna welin gözüm ýetýä. Nurberdi handa şo zatlar bar. Onsoňam nöker ýygnamaly, olaram gerekli serişdeler bilen üpjün etmeli. Atlandyrmly, ýaraglandyrmaly. Şonuň üçinem, men hanlyk mertebesini ak ýüregim bilen Nurberdi hana bagyşlaýan. Öz sesimem şoňa berýän – diýdi.

Şolar ýaly mert, üstesine-de uruşmazlygyň tarapyny tutýan akylly-başly adamyň hüzirki aýtjak sözüniň aýgytlaýjy häsiýete eýe bolaýmagagynyň ahmallygy, uruşmaklygyň tarapyny tutýan adamlarda az howsala döretmedi. Şeýle-de bolsa, oňa kesesinden kesek atmana hyýallanan adam bolmady. Hatda Dykma serdara pitjiň atan ýaş batyrlaram şol wagt aşak bakyp dillerini dişlänlerini kem görmediler.

Orazmämmet hanam edil Hanmämmet atalykdyr, Dykma serdar ýaly, özüniň öňki pikirinde galýandygyny aýtdy. Soňam pikirini delillendirmäne synanyşdy.

– Başga ýol ýok, adamlar – diýende, sesi diýseň dözümli çykdy. Hanmämmet atalyga tarap çalaja baş atdy. – Ine, orslaryň hywaly ýomutlar bilen eden urşuny gözi bilen gören adam otyr gapdalymyzda. Isleseňiz gürrüň bersin şü, Gazawatda nämeleriň bolanyny.

Garabatyr barybir şondan artyk çydam edip oturyp bilmedi.

– Hanmämmet atalygyň şol döwli ertekisini biz öňem az diňlämizok, han aga. Gowus-a ol asla şol gürrüňini goýsun. Egerde, görelde almalam bolsa biz Gazawatly ýomutlary orslaryň gyrandygyndan däl-de, ýomutlaryň gorkman orslara garşy çykandyklaryndan, boýun egmändiklerinden almalydyrys.

Berdimyrat han gürrüňüň ula ýazmagyndan heder edip, bir dyzyna galdy-da, sag elini ýokary göterdi.

– Şu maslahatda islendik maglumat nazara alynmalydyr, adamlar. Goý, Hanmämmet aga-da görenlerini aýtsyn. Belki, araňyzda eşitmedikler bardyr... – Berdimyrat han ýene-de jaýlaşyp oturdy. – Atalyk aga, aýdyberiň...

– Aýtsam, olar ýaly gyrgynçylykly urşy men heniz göremok – diýip, Hanmämmet atalyk söze başlady. – Gökezmesinem. Hywaly ýomutlaryň ähli obalary, mülkleri otlandy. Mallary talandy. Gaçyp çöle çykan halkyň yzyndan atly goşun ýetip keýpine kerçedi. Ne ulyny syladylar, ne kiçini. Baş açyk, aýak ýalaň aýallaryň, gyzlaryň çabga ýaly ýagýan okuň aşagynda iki baka elewreşip ýörüşleri, çagalaryny bagyrlaryna basyşyp, iki tigirli arabalaryň, boş duran köne howutlaryň

aşagyna, suwsuz çelekleriň içine sümülişip, şol ýatan ýerlerindenem üstlerinden inip gelýän ýalaňaç gylyja tarap aýalaryny gerip, aman dileýişleri, garry-gurtularyň ahy-nalalary, källeriň, zeýkeşleriň içinde biri-birine kaklyşyp ýatan maslyklaryň elhenç suraty henizem göz öňümden gidenok. Tä, kyýamat ahyra çenli giderem öýdemok...

– Garaz, azaňy alypdyrlar-da... – Kinaýaly çykan bu sözi kimiň aýdany belli bolmady. Ýöne, Atalyk ony barybir jogapsyz galdyrmady.

– Howwa, azamy aldylar. Şonuň üçinem, men Gubadagda bolan şol elhenç wakanyň Ahal topragynda hem gaýtalanmazlygyny isleýän.

– Aý, agam, alsalar seň azaňy alypdyrlar, gyrylsalar Hywada oturan Gazawatly ýomutlar gyrlypdyrlar, bize näme – diýip, Garabatyryň gapdalynda oturan, kelteräk, dykyz göwreli, bugdaý reňk, aşaky dodagy öňe tarap çürelip durandygy üçin hemişe ýalmanyp ýören Jyýky batyr sesine bat berdi. – Bu ýeri Hywa däl Ahal.

– Menem şony şuň Ahal bolandygy üçin aýdýan. Onsoňam men sizi gorkuzjak bolamok. Gören zadymy aýdýan.

– Aýtma sen şo gürrüňleriňi – diýip, Jyýky batyr tow alyp ugrady. Birdenem alahasyrdy bolup ýerinden turdy. – Şol gürrüňleriň bilen sen galanyň gurluşygyndakylaryňam ötlerini ýardyň. – Jyýky batyr ilk-ä Berdimyrat hana, soňam Gurbanmyrat işana ýüzlendi. – Sizem aýdyň muňa, goý, şu günden şeýläk halkyň arasynda ters wagyzlar ýöretmesin, halkyň susuny peseltmesin, ruhuny çökermesin. – Ol märekä ýüzlendi. – Tutuş maslahat bolup şunuň şo sözlerine gadagançylyk girizmegiňizi soraýan men adamlar sizden. Goý, her kim öz gorkaklygyny iliň üstüne atjak bolmasyn.

Berdimyrat handan öňürti Hanmämmet atalygyň özi dillendi.

– Bor, han ogul. Aýtma diýseňiz men şundan şeýläk aýtmaýaryn. Ýöne, Atalyk gorkak däldir. Ýer-ýurt, il-gün üçin biri ölmäni başarsa menem başararyn. Men ýöne, hem ölmän galmanyň, hemem halky agyr kesapatdan alyp çykmanyň gürrüňini edýän. – Atalyk ýüzüni Berdimyrat hana tarap öwürdi. – Şoň üçinem, etseňiz-ä Orazmämmet ikimiziň ýanymyza otuz-kyrk adam goşuň-da, iberiň orslaryň ýanyna. Biz olar bilen gürleşeli. Töwella edeli.

Jyýky batyr aşak çökdi. Ýüzüni bir gyra sowup kinaýaly gürledi.

– Töwella gider ýaly biz olardan gyz alyp gaçamyzok. Gandaram bolamyzok. Töwellany goý, olaryň özleri bize etsinler.

– Olaram töwella etme kemin-ä goýmadylar-la – diýip esli wagt bäri sesini çykarman oturan Dykma serdar ýene-de gürrüňe goşuldy. – Ýöne, biz olaryň töwellalaryny almadyk...

Jyýky batyr Dykma serdara tarap gamçysyny çommaltdy.

– Siziň ol, töwella diýýäniňiz hatdyr ýa para-peşgeşdir. O-da belli-belli adamlara berlendir. Onsoňam biz öý eýesi. Töwellany alsagam, almasagam öz işimiz. Oňa hakymyz ba. Olaryň welin beýdip, goşun tartyp üstümize gelmäge, haýbat atmaga, haklary ýok!...

– Onyň dogry, batyr ýigit, ýöne, gürrüň bu ýerde diýdimzorluk barada barýar. Olar hak näme, nähak näme, seljerjege meňzänoklar.

– Onda näme olaryň tarapyny tutýaňyz?

– Tarapyny tutamyzok biz, başga çykalganyň ýoklugyny aýdýas. Näalaçlyk barada aýdýas.

– Çykalga bar! Çykalga-da bar, alajam bar. – Jytýky batyr gylyjyny syryp dik depesine göterdi. Dalawlatdy. – Ine, çykalga. Ine alaç. Şundan başga çykalga-da bol,az, alajam. – Ýaş batyr kellesiniň gyzgynyna öte geçeninem bilmän galdy. – Siz ýöne çykalgany başga ýerden gözleýäňiz. O-da bize mälim. Sizem, Orazmämmet hanam, Hanmämmet atalygam, barysy bir adam. Size gulak asýanlaram, siziň yzyňyza düşýänlerem baryňyz dönük! Satlyk! Dogrusyny aýtsam orslary çapmaklygy öňürti sizden başlamaly. Sizden dynmaly.

Ençeme gowgany başyndan geçiren serdara çagasy ýaly birinden beýle sözleri eşidip oturmak juda ýokuş degdi. Ol özi-de bilmezden syçrap ýerinden galdy. Elini gylyjynyň bagjagyna ýetirdi.

– Çyk daşaryk, eşşekataly!

Jyýky batyram edil, goltugyndan göterilen ýaly Dykma serdar bilen deňine gopdy. Bolmasy bir işiň bolaryndan howatyr edip, han-beglerem, ýaşulylaram ördüler.

Berdimyrat han sakgyç ýaly süýnüp baryp Jyýky batyryň alkymyna dykyldy. Iki eli bilenem egninden basyp ýuwaş, emma hökümli gepledi.

– Otur!

Jyýky batyr ýalmanyň çagasy ýaly dilini ýalmandyryp durşuna howul-hara her kimiň ýüzüne bir seredip çykdy. «Bu meniň atama, dil ýetirdi», diýen manyda Dykma serdara tarap elini uzadyp bir zatlar diýdi. Ýöne, onuň «madyr-muduryna» düşünen bolmady. Her niçik hem bolsa ol hanyň raýyny ýykmady. Oturdy.

Şondan soň Berdimyrat han Dykma serdara ýüzlendi.

– Öwezmyrat aga sizem oturyň. Adamlar, baryňyzam oturyň.

Oturdylar. Berdimyrat hanyň özem oturdy. Uly-kiçi hemmäni tertibe çagyrdy. Birek-biregiň sözüni bölmezligi, kellegyzgynlyga ýol bermezligi haýyş etdi.

– Beýdip, «sensireşip» otursak belli bir gepiň başyny çatyp bilmeris – diýdi.

Ara esli mahallyk dymyşlyk aralaşdy. Her kim öz gapdalyndaky bilen gümür-ýamyr edişdi. Kerimberdi işan bilen Gurbanmyrat işanam özaralarynda pikir alyşdylar. Soň ikisi bilelikde Berdimyrat hana bir zatlar diýdiler. Han olary diňledi-diňledi-de, başyny atdy. Märekä ýüzlendi.

 Adamlar! Bir teklip bar: Şundan şeýläk özüne erk edibilmän, özünden başganyň pikirini äsgermän, dawalaşyp, maslahatyň işine päsgel berjek adam bar bolsa märekeden çyksyn! Ýogsa-da şolar ýaly hereket etdikleri zor bilen çykarylar, maslahatdan kowular. Soň eşitdim-eşitmedim diýmäň.

Öýüň içinde şeýle bir ümsümlik peýda boldy welin, daşardaky biş-düş, çaý-suw bilen meşgul bolup ýören aýallaryň, çybyk atlaryny haýdadyşyp gara öýüň daşyndan «daz» ýasaýan, geljek ýagyny eýýäm gaýtaryp ýören oglan-uşaklaryň seslerine çenli eşidildi durdy. Obanyň aňry çetlerinde bir ýerde düýe bagyrdy. Märekeli öýüň arka ýüzünde çaga aglady. At toýnagynyň dükürdisi eşdildi. Şol atmy ýa başgamy, belli däl, megerem baýtal gören bolsa gerek, bir at hokrandy – hokrandy-da, haýkyryp goýberdi.

Dymyşlygy Berdimyrat hanyň özi bozmadyk bolsa, onuň näçe wagta çekjekdigini aýtmak kyn. Ol Dykma serdara ýüzlenip usullyk bilen:

 Ýene aýtjak zadyňyz bamy, serdar aga – diýdi.

Dykma serdar aşak bakyp oturşyna mähir gatyşykly gahar bilen sesini sandyradyp gürledi.

 Men aýtjak zadymy aýtdym.

Ýaş han Orazmämmet hana tarap baş atdy.

 Siziň öňküňize goşjak, aýyrjak zadyňyz bamy?

Orazmämmet han: «Hany, bular boluşdylarmy»? Diýýän terzde o ýan, bu ýan gaňrylyp, eginleri üzre daş-töweregine göz aýlady. Berdimyrat hanyň hälki sözýnden soň bady gaçan ýaş batyrlaryň aşak bakyşyp oturyşlaryny görendenem oturan ýerinde ykjamlandy:

 Başga ýoluň ýoklugyny ýene bir geazek terkarlamaklygy men özüme borç bilýän, adamlar. Haýwanu-ynsan ejiz bolsa ejizligini bilse ýagşy. Iş salyşýanyň doňuz bolsa, tüýüni tersine däl-de, ugruna sypalasaň ýagşy. Ýene bir zada düşüniň: Biziň iň uly betbagtçylygymyz bütewi döwlet däldigimizdir. Hökümediň bolmasa, döwlet diwanyňdyr-kazyýetiň, möhürli hatyň, hazynaň, kada-kanunly kitabyň, hemişelik goşunyň bolmasa, bir bölek gara güýç bilen, onda-da derekli ýaraglanmadyk güýç bilen alan galaň bolmaz. Şu wagtky bir karara gelibilmän uluny-kiçini sylaman ýaňkalaşyp oturşymyzam şo zatlaryň alamaty. Ähli türkmen bir bütewi döwlet bolup oturan bolsady, onda orslar beýdip üstümize çöwjäp gelibem bilmezdiler. Özleri bilen deň derejeli döwlet hökmünde gepleşikler geçirerdiler. Hindistana Owaganystana gidip söwda edesleri gelýän bolsa adam

şekilli rugsat sorardylar. Haýyş bilen resmi suratda ýüz tutardylar. Iňlisleriň gelerinden gorkýan bolsalar, onda olaryň garşysyna özümiz bilen bilelikde göreşmekligiň çärelerini agtarardylar. Emma olar beýdenoklar. Sebäbi ýurduň döwlet däldigini, halkyň harby taýdan ejizdigini, üstesine-de agzybir däldigiklerini bilýärler. Öňlerinden taýaklaryny galgadyşyp çykjak bäş sany tekäniň aňyrsynda ähli türkmen taýpalarynyň döş direşip durmajakdyklaryna düşünýäler. Iň bärkisi ine, Mary bilen bir hanlyk bolup oturansyň welin, ertir şondan näçeräk mukdarda goşun geljekdigini aýdybiljegiňiz ýokdur. Baş-başdaklyk, dagynylyk zerarly ýomutlaryň nä günlere düşendiginem bilýäňiz, bir çeti Hywada, bir çeti Eýranda. Biri-birinden habary ýok. Salyr bilen sarygyňam hersi bir derede enäp-tenäp ýör. Ärsarylar Buhara emirliginiň penjesinden sypyp bilenok. Şoň üçinem, bir zady bek belläň: Şu, öňümizde duran uruş ors-türkmen urşy däl-de, ors-teke urşudyr. Has takygy ahalteke urşudyr. Teke bolsa ýekedir. Diýmek, bu uruş bir güýçli pälwan bilen on iki synasy düzüw däl adamyň gurjak bolýan darkaşy. – Orazmämmet han kükregini dolduryp uludan demini aldy-da, ellerini ýaýdy. – Ine, meniň-ä aýtjak zadym şulardan ybarat, adamlar.

Ýene-de birmeýdan dymyşlyk boldy. Berdimyrat han: «Başga-da söz sözlejek bamy» diýen manyda oturanlaryň ýüzüne ýeke-ýeke garap çykdy. Nazary ýaş batyrlaryň oturan böwrüne düşendenem Garabatyr söz sorady.

Adyna görä özem garaýagyz, eginlek, çeýeden gelen daýaw göwreli, yhlas bilen gyrdalandygy sebäpli çürüje eňeginiň sakgal ýeri göm-gök bolup duran, ortasy açyk inçejik murty edil galam bilen çyzylan ýaly nepis, ullakan ala gözleri jalahlap duran bu ýigidi ýaş batyrlar öz serdarlary hasap edýärler. Şonuň üçinem, ol geplemäne hyýallanandan gapdalyndakylaryň barysy birden leňňer atyşdylar. «Bir, çöp döwlen ýaly etsene» diýen manyda ýumruklaryny düwmek bilen oňa yşarat etdiler, gaýra-gaýra gaýşyşyp, ýüzüne buýsançly seredişdiler.

– Biz şu toprak üçin jan çekdikmi, ganam dökeris – diýip, Garabatyr çürt-kesik gepledi. – Jepasyny çekdikmi, wepasynam görkezeris. – Ol Berdimyrat hana tarap tutuş göwresi bilen ümzük atdy. – Han! Sen öz egindeşleriňe aýt! Goý, olar ýaga boýun sunmak, raýat bolmak barada pikirem etmesinler. Ol gürrüňlerini goýsunlar. Siz bizi Gazawat urşy bilen gorkuzjak bolýaňyzmy, emma honha, raýat bolup orslardan hazarýaka ýomutlary näme gördi? Olar indi düşen ýagdaýlaryndan nädip synjaklaryny bilmän gan eňreşip ýörler. Düýelerini degerli bahadan alan bolup, başda olaram özlerine imrikdirdiler, soňundan bolsa müňläp-müňläp düýelerini ellerinden zor bilen aldylar. Gaňryp aldylar. Mugt aldylar. Ýa-da ine, geçen ýylky Hojagalany ýykan-ýumran, ilinem zir-zowran edişlerini ýadyňyza salyň. Hojagalanyň hojalary näme, olaryň bakjasyna girip zamçalaryny ogurlapmydy? Ýa-da ine, Japarbaý ýomutlarynyň hany Kyýat hanyň ykbalyny alyp

göreliň. O bende otuz ýyllap orslardan raýatlyk sorap gezdi. Almadylar. Ahtyram Tiflisiň zyndanynda gözleri kör bolup dünýäden ötdi. Ogly Ýagşymämmet bolsa Orsyýediň Woronež diýen şäherinde tussaglykda çüýredi. Sebäbi, Türkistana aýak basan günlerinden başlap olaryň jyny türkmenlerde düşdi. Her zat etmeli welin öňi bilen şulardan dynmaly, şularyň gözleriniň oduny almaly diýen düşünjä geldi. Çünki, türkmenlerden başga hiç kimden garaw görmejekdiklerini aňdylar. Muňa olar Buharany alanlarynda-da, Hywany alanlarynda-da göz ýetirdiler. Ikisinde-de olara esasan, şol ýeriň türkmenleri garşylyk görkezdiler. Türkmenler bolsa köp. Aýry-aýram bolsa, dagynygam bolsa köp. Türkmenden ýaňa çölüň içine edil gurt düşen ýaly. Bu bolsa olara ýakanok. Şonuň üçinem, olar indi seni raýat bolsaňam gyrarlar, bolmasaňam gyrarlar. Hemmäňi uçdantutma gyrmasalaram köpüňizi gyrarlar. Iň bolmanda gözüňi gorkuzmak üçin, ruhuňy öldürmek üçin şeýderler. Şeýdere bahana-da taparlar. Gazawatly ýomutlaram salgyt bahanasy bolmadyk bolaýanda-da başga bir bahana bilen gyrardylar – Garabatyr gaýşarylybraga-da Orazmämmet hana tarap seretdi. – Güýjümiziň deň däldigine, ok-ýarag srrenjamlarymyzyň olaryňkydan kän pesdigine biziňem gözümiz ýetmän duranok, han aga. Ýeňiläýmegimiziň ahmaldygynam aňýas. Ýöne, biziňem olardan artykmaç taraplarymyz bar, o-da hupbulwatanlygymyz. Biz öz topragymyzyň üstünde durus. Ýüreklerimiz ýolsa Watan, ar-namys diýip urýa... şonuň üçinem, ölmeli bolaýanlygymyzda-da, biz şolara ana, şony görkezip. Gurt oýnuny görkezip öljek. Gurban ediljek goýun ýaly gassabyň öňünde sessiz-üýnsiz güýlünip ýatjak däl-de, gurt ýaly göreşip öljek. Bu çölüň boş däldigini, türkmeniň öňýetene özüni basgyladyp ýören halk däldigini subut edip öljek. Şu topragy orslara göreşsiz bermändigimizi indiki nesilllerimiziň bilmegi üçin göreşip, uruşyp, söweşip öljek.

Gara batyra golaý ýerde on dokuz ýaşlaryndaky, ezýaka ak köýnegiň üstünden gyrmyzy don geýnen, gök tirme guşakly, gara ädikli, buýralary seçelenip duran päkize ak telpekli, akýagyz, dodaklarynyň üstündäki ýumşajyk hem seýrek murty timarlanan, görmegeý ýigit otyrdy. Ol her gezek ara maý düşende söz aljak bolup çemeleşýärdi-de ýene-de gezek ýetmän galýardy. Ýöne, Garabatyr şu ýere ýetende welin ol durup bilmedi. Hatda sözem soramady-da, Garabatyryň egnine elini goýup:

 Ýagşy. Sen gaty dürs hem owadan geplediň, Garabatyr. Ýöne bir soragym bar – diýdi.

Garabatyr ýigidiň ýüzüne söýünçli garady.

 Aýt, Ruhy batyr.

 Sen ýurdy gorap ölmek barada aýtdyň. Ölüňki düşnükli. Ýeňseňem, ýeňilseňem olaryň bar tamakin zatlary: sadaka, aýat, gurhan. Egerde ýeňsek, onda

diri galanlaryňkam düşnükli. Ölüsine aýat okadyp, ýeňiş toýuny toýlabermeli. Ýöne, egerde ýeňilsek, özümizem ölmän galsak, şonda nätmeli bor.

Garabatyryň jogaby nagt boldy.

– Başgalary bilemok, Ruhy, ýöne, özüm-ä ýa alaryn ýa ölerin. Egerde ýeňilsek bir sebäp bilenem diri galsam, onda tä ölinçäm söweşi dowam erdirerin. Ýeňlenimi boýnuma alman.

Duşmanyň hyzmatyny etmen. Gullugynda durman. Arkamy Garaguma dirärin-de men diýen ýigitlerim bilen bilelikde gaça urşa başlaryn. Ýoldaşsyz galsam ýeke özüm urşaryn.

Ruhy batyr Garabatyryň egninden elini aýyrdy.

– Bolýa. Men seniň jogabyňdan kanagatlandym. Sözüňi dowam ediber.

– Dykma serdar, Orazmämmet han, Hanmämmet atalyk ýaly hormatly adamlaryň pikirlerine-de düşünmän duramok diýip, Garabatyr sözüni dowam etdirdi. – Olary gorkakdyr ýa namartdyram öýdemok. Beýle adamlar däldiklerini olar öz ömürleri bilen subut etdiler. Bize görelde görkezdiler. Käbir gyzma adamlaryň aýdyşlary ýaly dönükdirler ýa satlykdyrlar diýen düşünjedenem daşda. Olaryň iki zyýanyň has bähbitlirägini saýlap aljak bolýandyklaryna-da düşünip durun. Ýöne, biziňem öz pikirimiz bar. Onam ýaňy aýtdym. Biz şol ýoly saýlap aldyk. Kynam bolsa aldyk, aňsadam bolsa aldyk. Siz unasaňyzam aldyk, biz şo ýoly unamasaňyzam aldyk. Onsoňam biz ýeke däl. Bizi goldaýanlar kän. Şonuň üçinem meniň pikirimçe uruş bolar.

Berdimyrat han Gara batyra tarap gyýalap garady.

– Bolduňmy?

– Boldum.

Han hälki owadan geýimli, görmegeý ýigide tarap ýapyryldy.

– Ruhy batyr, aýtjakmysyň bir zat?

– Egerde rugsat bolsa aýdaýyn bäş-üç agyz söz.

– Rugsat Alladandyr, aýdyber.

– Siz bilýäňiz, meň otuza golaý nökerim bar – diýip, Ruhy batyr görmegeý keşbine gelşip duran sypaýyçylyk bilen  söze başlady. – Biz şolar bilen öz maslahatymyzy etdik. Netijesinem size aýdýas. Biz ýurdy goramaklygyň tarapynda. Duşmanyň ýurda goýberilmegine biz garşy. Ýap-ýaňyja Garabatyryň aýdyşy ýaly, güýjümiz asgyn gelip ýeňiläýen ýagdaýmyzda-da biz duşmana boýun bolmarys. Gaça uruşlar bilen göreşi dowam etdireris. Ýaňy şol soragy Garabatyra berenimem şonuň üçin. Özümiz ýaly şol pikire gelenler başga-da barmy ýa ýokmy, bileli, diýdik. Bildigem. Şu meselede biz Garabatyr bilen pikirdeş bolup çykdyk. Bu ýerde bolsa näme üçindir şol meselä garalmaýar... – Ruhy batyr sesini kesdi-de,

jogaba garaşýan terzde märekä göz aýlady. Bu soragyň jogabyny eýýäm beren Garabatyr-a arkaýyn, murtuny sypalady oturdy. Onuň ýigitlerem özlerini juda arkaýyn duýdular. Ýöne, ine, han-begler, dini hadymlar üçin welin bu soragyň garaşylmadyk hem iňňän kyn bolandygy bildirdi. Olar hatda biri-birleriniňem ýüzlerine-de seredibilmän, aşak bakyp ellerini owkalaşdylar oturdylar. Ruhy batyr bu ýagdaýdan özüçe many çykardy. – Düşnükli... – diýip, ol täzeden söze başlady. – Diýmek, bu mesele maslahata goýulmandyr. Emma haýp! Goýulmaly ekeni. Çünki, esasy zat şol. Gelen gün-ä öňünden ýaragly çykan bolup, gylla ýaryňy gyrdyryp ýeňileniňden soňam onuň gullugynda durjak bolsaň, onda dogrudanam şumatdan ylalaşyga geleniň ýagşy. Iň bolmanda birtopar adamyň janyn-a halas ederdiňiz. Häzirem bolsa bir pille, kimde şeýle hyýal bar bolsa, baýdak götersin-de duşman bilen ýaraşyga çykybersin. Uruşly tarapyny biz Garabatyr ikimiz oňararys. Her kim başarjak zadyna ýapyşsa ýagşy.

– Oňararys! Beterem oňararys! – diýip, Garabatyr hyjuwly dillendi. Ýigitlerine ýüzlendi: - Oňararys gerek?

– Oňararys!

– Beter ederis!

– Bize geregi şol!

– Kim uruşdan basylan bolsa oturybersin.

Ruhy batyryň ýigitleriniňki bolsa gerek, şolar ýaly makullaýjy sesler daşardanam eşidildi.

– Ýene bir zat: Biz öz ýigitlerimiz bilen siziň galaly meseläňize-de garşy – diýip, ýigitleriň sesi birneme kiparlandan soň Ruhy batyr buýsanç bilen aýtdy. – Kim girse-de biz oňa girmeýäs.

Häliden bäri: «Tüweleme ýaşlar zor. Hyjuwly. Görýäňmi ediberişlerini», diýip, Kerimberdi işanyň gulagyna öwran-öwran pyşyrdap oturan Gurbanmyrat işanyň ýüzi birdenkä üýtgedi. Gözleri ulaldy.

– O näme üçin?

– Şol çözgüde gelendigimiz üçin, işan aga.

– Köpçülikden bidin çözgüde gelmäne kim size ygtyýar berdi?

– Ol ygtyýary biz özümize özümiz berdik, işan aga.

Gurbanmyrat işan tirseklerini iki dyzyna goýup, Ruhy batyra tarap ýapyryldy.

– Her näme diýseňem girmel-ä borsuňyz gala.

– Girmeris, işan aga.

Gurbanmyrat işan Garabatyra ýüzlendi.

– Senem girjek dälmisiň gala?

Garabatyr başardygyndan parahat gürlemäne çalyşdy.

– Umuman-a menem Ruhy batyryň aýdanyny goldaýan, işan aga. Bu teklibi Orazmämmet hanam aýtdy. Özem juda jaýdar aýtdy. Maşgalalarymyzy Mara, Tejene ugradyp, özümiz gaça uruş edeliň, diýdi. Ýöne, näme üçindir siziň köpüňiz gala girmekligi ündeýäňiz. Şonuň üçinem, egerde köpçülik şo tarapa ýykgyn etse, men gala girerin. Menem gierin, ýigitlerimem girer. Çünki, Ruhy Batyryňky ýaly erkinlik mende ýok. Men tutuş, atly goşuna jogap berýän.

– Galaly meselä ýene bir aýdyňlyk girizmek isleýän, - diýip, Ruhy batyr täzeden söze goşuldy. – Taryha belet kişiler bilýändirler, sorasaňyz muny Hakyda molla hem tekrarkap biler, ýagny, henize bu güne çenli galasynda bukulyp ýagyny gaýtaran halk ýok. Gala girmek ejizligiň ejizligiňi boýnuňa almaklygyň alamaty. Sebäbi, galadakynyň güzerany azyk-suwlugy gutarýançadyr. Ajygan, suwsan güni çykar, «aman» sorap, iki elinem göteräge-de. Daşyndakynyň welin, azyk-suwlugam, ok-ýaragam geler durar yzyndan. Sebäbi onuň arkas-a açyk meýdan aňyrsynda bolsa dag ýaly döwlet dur. Şonuň üçinem, biz gala girmekligi hiç kime-de maslahat bermeýäris... –Ruhy batyr uludan demini aldy. – Men aýdyp boldum, adamlar.

– Hany, sen ýigit dur entek – diýende, Gurbanmyrat işanyň sesi gyryljak çykdy. – Maslahat karar etse-de girmezmiň gala?

– Girmen, işan aga. Sebäbi, ýaňky aýdyşym ýaly, ýurt gala girip goralmaýar. Ýaraga, serenjama daýanyp goralýa. Biziň galamyz Garagum. Şol gala ata-babalarymyzy gorandyr, bizem gorar...

Gurbanmyrat işan henize çenli Ruhy batyry ýakyndan görmedik borly, «ziňk» edip, Kerimberdi işanyň ýüzüne bakdy.

– Kim-äý bi?

– Ruhy batyr.

– Ruhy batyr?

– Hä-ä Guşly batyr diýsene... Häý, galtaman diýsänim.

... 1858-nji ýylda bolup geçen Garrygala urşundan bir ýyl soň ýüz beren meşhur Nyýazdepe gyrgynçylygynda hossarlygyny ýitirip ýetim galan Ruhy batyra Gurbanmyrat işanyň «galtaman» diňmeginiň özüne ýetik sebäbi bar.

Ýaşlygynda bolup geçen şol wakany ol ýyllar geçse-de unudyp bilenok. Ýatladygam, edil şu günki ýaly ýeke-ýeke gözüniň öňünden geçip dur...

...Şol günem ol hemişekisi ýaly dosty Durdy sakaw dagy bilen tä sütüni süýnýänçü kepderi oýnapdy. Agşam öýlerine gelip kakasydyr – ejesi bilen degişip, gülüşip çaý içipdi. Şol iki mähriban adamyň gürrüňlerine diň salybam uka gidipdi. Sag-aman ýatyp tursa, ol ertirem Durdy bilen kepderi oýnamalydy.

...Gijäniň bir mahallary gopan goh-galmagal, tüpeň sesleri gylyçlaryň «jarkyldysy» ýeke bir süýji ukuda ýatan Ruhyny däl, bütin obany örüzdi. Güýzüň çigrekli gijesidigine garamazdan, aýal-erkek, oglan-uşak, barysy aýak-ýalaň, baş açyk ylgap daş çykdy. Birbada nämäniň-nämedigini bilmezden iki ýana elewreşdiler. Çagalar çykylyklaşdylar, aýllar gykylyklaşdylar. Ruhy hem goltugyna bäbegini alyp daşaryk ylgan ejesi Nargüliň eteginden aslyşyp şol haýsy tarapa ylgasa kelte tirkelen ýaly ylgady ýördi. Nargüliň üç gün mundan öň Gökdepeden myhmançylyga gelen jigisi Gyzylgülem aýy-güni ýetik garnyny gujaklap agyr ädimler bilen olaryň yzyna düşdi. Tärimden asylgy duran tüpeňini kakyp alyp, özlerindenem öň bosagadan böküp çykan kakasy:

– Giriň! Giriň öýe! Çykman oturyň! – diýenden hemmesi bilelikde sürlenişip yzlaryna girdiler.

Şol wagtam gara öýüň gapdalyndan ylgaşlap barýan biriniň:

– Adamlar! Ýagy çozdy! Gajar çozdy! Alaman basdy üstümizi! –diýen howsalaly sesi eşidildi.

Nargül Ruhyny ýatdan çykaran ýaly elindäki çagany bir sallançaga saldy, bir çykardy, bir bagryna basyp gapa tarap ylgady, soň ýene-de yzyna döndi. Birdenem eli bilen tärimden aslyşyp, bir eli bilenem garnyny penjeläp duran jigisine gözi düşdi. Onuň eýýäm biynjalyk bolup ugranyny aňandanam, çagasyny sallançaga saldy-da:

– Waý, işim gaýtdy, nätsemkäm indi men... –diýip, oňa tarap topuldy. Şol wagtam adamsynyň «tark-turklaryň», «park-purklaryň» arasy bilen:

– Nargül! Gyzylgül! Gaçyň ikiňizem! Çagalaram alyň-da, Nyýazdepä tarap gaçyň! – diýen sesi gulagyna geldi. Ol Gyzylgüliň golundan tutup süýrekläp ugrady.

– Ýör jigim, gaýrat et! – Nargül ýüzugra sallançakdaky çagasyny garbap aldy. Goltugyna gysdy. Oňa çenli goh-galmagal hasam golaýlaşdy. Nargül Ruhynyňam öz yzynda elewräp ýörenini diňe şondan soň bilip galdy. – Ýör oglum, Nyýazdepä gideli!..

Entek öýden çykmankalar kimdir biri «ah»çekdi-de, gapynyň daş ýüzüni dyrmalap aşak çökdi. Onuň badyna gapy çalarak açyldy. Işigiň iç ýüzündäki eňsini şemal göterdi. Saçy ýaňyja syrylan kelle bosagadan içerik gülçüldäp gaýtdy. Kellä sähelçe ilişip duran göwre-de onuň yzy bilen gaýtdy. Ol tisginýärdi. Henizem sag elinde saklap ýatan gylyjyny ülňejek bolup biderek azara galýardy.

Muny görüp Ruhynyň gözleri hanasyndan çykara geldi. Dili tutuldy. Allaniçiksi bolup ejesiniň ýüzüne seretdi. Gözünden welin ýekeje damjada çykmady.

 Waý, kakañ-la bi – diýip, çagasyny ýene-de «hasyr-husur» sallançaga salaga-da – özüni indi bütinleý hereketsiz galan jesediň üstüne zyňan ejesiniň çirkin sesi bolsa onuň galanja deramatynam aldy.

Oňa çenlem meýdiň üstünden ätmerläp üç sany gajar öýüň içine döküldi. Olaryň biri adamsyny bagyrtlap ýatan Nargüliň ýeňsesinden penjeläp galdyrdy-da, sürrekläp dula geçirdi. Ýene biri henizem tärime ýapyşyp duran Gyzylgüle topuldy. Gelin tärime gysdyrylgy duran dokma keserini garbap aldy-da ullakan ala gözlerini boýnundaky gymmat bahaly şaý-seplerine dikip gelýän pişge murt, durşuna tüý bolup duran gajaryň damarlak boýnundan gyýaladybraga-da okardan aşaklygyna tarap syhap goýberdi. Diýseň naýynjar halda duran, näzik bedenli, ejizje naçardan beýle garşylyga garaşmadyk gajar, henizem gözlerini gelniň boýnundan aýrybilmän, ellerini uzadyp durşuna «hyrk-hyrk» etdi-de, sermagallakdan gaýtdy.

Bu ýagdaý ikinji gajaryň huşuny başyndan göçürdi. Ol derhal gylyjyny syryp Gyzylgüliň üstüne topuldy. Nargül özi bilen hasanaklaşyp ýören gajaryň elinden sypdy-da, Gyzylgüliň öňüne howala boldy. Gollaryny gerdi.

 Waý, ezit, degme oňa! O gelin göwreli!

Emma sowuk tygyň ujy eýýäm Gyzylgüliň gyzgyn garnyna giripdi. Gajar gylyjynyň ujyny hasam aňyrrak iterdi. Towlady. Zarp bilen yza çekdi. Gylyç bilen bilelikde aýy-gýni ýetik çaga-da birgiden gan gatyşykly suwuklyk bilen bilelikde patlap ýere gaçdy.

Gyzylgül oňa seredip:

Wah, çagajygym!.. – diýdi-de, özem şalkyldap şonuň üstüne ýykyldy.

Nargül ylgap baryp ojagyň başynda duran mis kündügi eline aldy-da, ýaňky gajaryň depesinden inderdi. Ýöne, kündük nyşananyň golaýyndanam barmady. Gajaryň çignine gyltyzrak kakdy-da, hiç hili zeper ýetiribilmän, «taňkyldap» ýere düşdi. Gajar bärsine öwrülip gorkunç bir syrtaryldy-da, Nargüli nazarlap gylyjyny dik ýokary göterdi. Nargül şol ikiortada häliden bäri tärime gysmyljyrap, doňan ýaly bolup durAN Ruhynyň egninden tutaga-da, südenekledip gapynyň ýanyna eltmäge, eňsini serpip, ony işikden çykarmaga ýetişdi.

Bar oglum, gaç! Näzdepä tarap gaç! Özüňem durman gaç. Yzyňa garaman gaç! – diýibem, äriniň heniz sowabam ýetişmedik jesediniň üstüne egildi. Onuň gapdalynda ýatan gylyjyny garbap alyp yzyna öwrüldi. Öwrülişi ýalam üstüne abanyp gelýän gajaryň ýazzy maňlaýyndan saldy. Ullakan, burunlak, gap-gara ýüz darka ikä bölündi. Ýöne, arkadan hasanaklap gelen üçünji gajaryň gylyjy Nargüliň iki kebzesiniň arasyndan girdi-de, göwreden parran geçip, döşünden çykdy. Gylyç arkadan girenem bolsa, Nargül näme üçindir kellesinde erbet agyry duýdy. Edil, süýr depesinden biri daş bilen uran ýaly beýnisi gurşup barýar. Gitdigiçe-de

agralýar. Öýüň içem agdar-düňder. Gana boýalan Gyzylgülem ýatan ýerinde «pyr-pyr» aýlanýar. Tärimem, uklaram, tüýnügem, hatda onuň aňyrsyndan görünýän ýyldyzlaram aýlanýar. Asyl jümle-jahan hereketde. Kem-kemdenem garalyp gidip barýar. Şonuň üçinem, ol gajaryň öz bedeninden «şowurdadyp» sogrup alan gylyjyny baryp sallançakda ýatan bäbejiginiň üstünden inderenini görmedi.

Gylyç welin çagany sallançagy bilen bilelikde iki bölüp taşlady. Bäbek düýäniň üstünden oklanan iki bölek et ýaly «pat-pat» edip honda düşdi.

Bu elhenç suraty Nargül görmese-de, söýerlerini taşlap Näzdepä gidibilmän öýüň daşynda köwejekläp, tärimleriň arasyndan jyklap duran Ruhy gördi. Ejesiniň bir ýerde, daýzasynyň bir ýerde, kakasynyň ýene bir ýerde gana bulaşyp ýatyşy, iki bölünen jigisiniň ýokarky bölegindäki akja eljagazlarynyň hamala özi bilen hoşlaşýan ýaly galgapjyk durşy onuň ýaş beýnisine ömürlik ýazyldy. Ejesi bilen daýzasyny öldüren iki gajaryň keşbem aňynda hemişelik surat bolup galdy.

Ol diňe şondan soň, ejesiniň iň soňky buýrugyny berjaň etmek üçin Näzdepä tarap ylgady.

Oba adamlarynyň eli ýarag tutany duşman bilen döwüşip ýör. Aýal-gyzlar, garry-gurtular, ýetginjekler bolsa azyk-suwluklaryny, gerek-ýarak öý goşlaryny Näzdepäniň üstüne daşaýar. Mergenler depäniň gap bilindäki atyşhana üçin gazylan garymlarda ýerleşipdirler. Soňabaka oba arasynda uruşýanlaram çekile-çekile depäniň düýbüne üýşdiler. Güýç deň däl, üstesine-de üstlerini gapyllykda basdyransoňlar Näzdepelileriň köpüsi gyryldy. Ýigitleriň gyltyzrak ýaralananlary depäniň üstüne çykyp howul-hara ýaralaryny daňdyrýardylar-da, gylyçlaryny bulaýlaşyp ýene-de aşak inýärler. Wepat bolanlaryň sanyny artmagy bilen, soňabaka garry-gurtularam, aýal-abtatlaram urşa girdiler.

Söweş tä, daň atýança dowam etdi. Ol diňe goraýjylaryň barysynyň gyrlyp, ähli baýlyklaryň duşman eline geçmegi bilen tamamlandy. Az ýitgi çekip köp olja gazanan alamançylar ýesirleri öňlerine salyp daga duwlananlaryndan soň, Näzdepäniň üstündäki we daş-töweregindäki maslyklaryň arasynda aňkasy aşan ýaly, saçlaryny ütüşip, ýakalaryny tutuşyp, sessiz-üýnsiz dodaklaryny gymyldadyşyp ýören, eşikleri sal-sal aýallardan, mähribanlaryndan aýrylyp beýnileri doňan, ýaş başlaryna durmuşdan şeýle ýowuz sapak alan, bir säwlik bilen diri galan Ruhy, Durdy ýaly ýaş çagalardan başga janly-jemende galmady. Ertesi Gökdepeden, Bamydan we beýleki galaly obalardan Nurberdi han, Dykma serdar ýaly Ahalyň iň bir atly-abraýly adamlary geldiler. Bolan işe gynandylar. Haýal etmän alamançylaryň yzyndan kowga gitmekligi, ýetip bilmeseler öwezalaman etmekligi karar etdiler.

Şeýle hem boldy. Öwezalaman gurnaldy. Ýesirlerini, mal-garalaryny yzyna gaýdyp aldylar. Ýöne, obasyny, maşgalasyny gorap ömrüni pida eden adamlaryň öwezini welin hiç kim, hiç zat bilen dolup bilmedi.

Ýaşajyk Ruhynyň ýadynda bolsa, şol elhenç gije ömürlik tagma bolup galdy. Gözleriniň ýaşyny bulduradyp, gurak-gurak ýuwdunyp durşuna ol iki sany palasdyr iki sany bilezik, çaprazdyr-çaňňa üçin, kakasyny, ejesini, jigisini, daýzasyny, onuň göwresindäki heniz dünýä inmedik çagasyny öldürip giden alamançylary iru-giç tapyp, aryny almak barada öz ýanyndan kasam etdi.

Şol wakadan soň ýetim galan çagalaryň hersine biri hossarlyk etdi. Ruhyny daşkyrak garyndaşlary, Gökdepeli Hakyda molla ýygnady. Çünki, Hakyda mollanyňam garamagynda şol wagt Ruhy bilen deň-duş agtygy Eneden başga hiç kim ýokdy. Enäniň ejesi ýaş üstünde ir ýogaldy. Kakasam agyr derde uçrap onuň yz ýany ýurduny täzeledi. Hakyda mollanyň öz aýaly bolsa ony baryp-ha jahyl döwründe taşlap bakyýa gitdi. Hossarsyz galan ataly-gyza hern-ä goňşulary Baýramgül tebip garaşyk etdi. Ýeke özi bolansoň onuňam öz işi özüne ýetikdi. Ýöne, ol şonda-da olary ýük görenokdy-da, gaýtam Hakyda molla ýaly sylagly adama hyzmat etmekligi özüne bagt bilýärdi. Galan zatlaryna-da il-gün kömek etdi. Ruhynam ýanyna alansoň-a obadaşlary oňa bolan ünslerini hasam güýçlendirdiler. Hä diýmänem Ene ýetişdi. Işe ýarady. Öýüň biş-düşüni, kir-kimirlerini Baýramgül tebibiň elinden aldy. Şol ykbala görä Ruhy Ene bilen tä, kasasyny berjaň etmek üçin ata çykýança bir öýden girip çykdy. Şol öýde ösdi, ulalady. Olar edil iki dogan deý biri-birlerine mährem boldular. Hakyda molla Ruha-da agtygy bilen deň garady. Ondan artyk görmese kem görmedi. Saýry saýmady. Gijeden – gijä edil Enä öwredişi ýaly, oňa-da hakyda öwretdi. Ýöne, Ruhynyň bar ünsi at bilen gylyçda boldy. Ol baýlaryň, han-begleriň, serdarlaryň atlaryna uly söýgi bilen serederdi, söweşlerde batyr ýigitleriň gylyç salyşlaryny görmekligi höwes ederdi. Dessançy bagşylar Görogludan, Döwletýardan, Ýusup-Ahmetden aýdanlarynda tä, daň atýança, turman diňlärdi.

On dört, on bäş ýaşalryna ýetende ol Enäni doganlyk duýgusyndanam başga bir süýjümtik duýgy bilen gowy görýändigini aňdy. Uzynly gününi bir öýden bileje girip-çykyp, bir öýüň işini edip geçendigine, häzirem onuň şu öýüň o böwründe üstüne ýorgan çekip ýatandygyna garamazdan, ýerine geçdigi gözleriniň öňünde Enäniň keşbi janlandy. Wagty bilenem aýrylmady. Tä uka gidýänçä gaýmalaklady durdy.

Ahyram ol şol duýgunyň söýgüdigini bildi. Ýöne, şunça ýyllap öýünde penalan adamyň gyzyna, tas, dogan deý bile ösýp ulalan maşgalasyna söýgi bildirmekligi aýp hasap etdi. Emma söýgi-söýgi bolýar. Oňa erk edip bolmaýar. Wagt bolsa geçip dur. Onuň ata çykmaly, gandarlarynyň gözlegine gitmeli wagtam

golaýlap gelýär. Bir ol ýola çykansoňam haçan gelinjegem belli däl. Asla geljegiň-gelmejegiňem gümana. Şonuň üçinem, ol hernäçe kyn bolsa-da, gyza ýüregindäkini aýtman durup bilmedi. Aýdyşy ýalam ondan bar zatdan beter gorkýan, şeý diýer-ow şü, diýip, garaşýan sözüni eşitdi.

Gyz şonda şeýle bir mähribanlyk hem hoşroýlyk bilen şeý diýdi:

 Menem seni gowy görýän, Ruhy, ýöne, doganym hökmünde gowy görýän. Sebäbi, ençeme wagtlap bir gapydan girip çykdyk, bir atanyň terbiýesini aldyk, bir saçakdan duz iýdik. Şundan soň men seň bilen doganlyk gatnaşygynydan başga bir gatnaşygy göz öňünede getirip bilemok... – Ol birdenkä boz-ýaz boldy-da, gyýalap ýere bakdy. – Onsoňam... Onsoňam gaty görme, Ruhy, maňa eýýäm başga biri söz aýtdy. Menem oňa söz berdim. Şonuň üçinem...

Ruhy ol ýigidiň kimdigini sorajagam bolmady. Ýöne, çak etdi. Egerde çaky çyn bolup çyksa, onda ol ýigit Ahally bolmaly.

Ol Hakyda mollanyňka kän gatnaýardy. Hakyda diňleýärdi, ir zamanlarda bolup geçen taryhy wakalar bile ngyzyklanýardy. Özem öwrenýärdi, ýat bekleýärdi. Käte dutaryny alyp gelýärdi, Hakyda molla saz çalyp berýärdi. Ruham ony erbet görmeýärdi, ýöne, saz çalan wagtam, hakyda diňläp oturan wagtam bir gözýniň gyýgyny Enä tarap aýlap goýberişini welin halamaýardy. Enäniňem oňa biperwaý bakmaýandygyny duýanda bolsa, ýüreginiň üstüne ot basylan ýaly bolýardy. Her gezegem Ahallynyň, Eneden alty-ýedi ýaş dagy uludygyny ýatlap öz-özüni köşeşdirmäne çalyşýardy. «Ýok, ýok, beýle zat bolup bilmez, men ýalňyşýandyryn şeýtanyň ugruna gidýändirin, ol uly ahyry...» diýip ýetişibildiginden pyşyrdaýardy.

Şol gezek welin ol Enäniň diýýän ýigidiniň Ahallydan başga hiç kim däldigine öz-özüniň ynandyrmaly boldy. Çünki, Ene onuň adynam aýtdy. «Soň syr gizläpdirsiň diýme».

Şondansoň Ruhynyň öýde eglenesi gelmedi. Çagalykdan bäri göwnünde besläp gelýän arzuwyny amala aşyrmak üçin ata çykdy. Söýgüniň ýalançy humaryna melul bolup şo çaka çenli eglenendigi üçin öz-özüne igendi. Egerde Ene hoş söz beren bolsa, onda bu niýetinden el çekäýmegemiňem ahmal ekendigini ýatlanda bolsa, özüne bolan gazaby hasam artdy. «Söýgi adamyny ardan-namysdan aýyrýandyr» diýleni çyn ekeni-ow», diýip dodagyny dişledi.

Agyr hem kyn ýola düşmezden ozal Hakyda molla bilen mähriban ata deý hoşlaşmany welin unutmady. Niýetini gizlemän aýtdy. Ak pata sorady.

Hakyda molla onuň bu pikirini oňlamady. Ýeke bir ýoluň hatarly, howply bolany üçinem däl-de, bu işiň uly iliň parahatçylykly durmuşyna zyýan ýetirip biljekdigi üçin oňlamady. «Bu pikiriňden el çek, oglum. Men indi seni öýlendirmeli, öý-işik etmeli, göz öňümde saklap saňa guwanmaly» diýdi.

Ruhynyň saýlap alan ýolyny Ene hem oňlamady. O-da atasynyň aýdanyny aýtdy. «Öňem az bolmadyk alamanlaryň, öwezalamanlaryň sany öňküsindenem artar, gyrgynçylyk köpeler. Nyýazdepe üçin öwezalaman şol günüň ertesi edildi. Ar ýerine salyndy. Seň munyň şahsy, diňe öz talapyň bolýa, bu ýalňyş» diýdi.

Emma olaryň ikisiniňem aýdany ýer tutmady. Ruhy olary diňledi-diňledi-de: «Aýdýanyňyz bilen ylalaşýan. Ýöne, menem öz ýüregimiň emrine garşy gidip bilemok. Meniň kalbymda iki maksat bardy, olaryň bir-ä köýdi, öçdi, ýöne, ýaş başymdan beýnimde galan şo-ol, pajygaly suraty welin men öz gylyjymyň ujy bilen öçürmesem öçmez...»

Şeýdibem Ruhy olar bilen hoşlaşdy. At-ýarag edindi. «Ýa, Alla» diýibem ýola düşdi.

Ine, indem telim ýyldyr, ol gözlegde. Ilki-ilkiler-ä dagyň ileri ýüzüne alamançylyklara goşulyp gatnady. Baran ýerlerinde-de beýlekiler baýlyk, pul, mal gözlese ol öz «ýitiklerini» gözlerdi. Meňzeş görüp başga bigünä biriniň ganyna galmazlyga jan etdi. Kent-kent, oba-oba aýlandy. Emma tapyp bilmedi. Şondan soň ol ýekelikde-de, ýanyna bäş-üç sany dost-ýaryny alyp olar bilen bilelikde-de kän gitdi. Gözlenýändiklerini bilip ol iki gajar başga ýurda göçüp gidäýen bolmagynyň ahmaldygynam oba adamlary aradan aýyrmaýardylar. Alamany bes etmegini Ruhy batyrdan haýyş edýärdiler. Emma, Ruhy tä, aryny ýerine salýança öz ýolundan dänmejekdigini aýdýardy. Ýöne, ol köpçülik bilen gitse-de, ýeke ýa öz ýakyn ýoldaşlary bilen gitse-de, talaňçylyk etmeýärdi, gyz-oglany, ýaş-ýuşy ýa garry-gurtulary gorkuzyp, mal-garany ürküzip ýörmeýärdi. Gaýtam öz ýigitlerinden käbiriniň özünden bidin talan mallaryny yzyna eltdiren gezeklerem az bolmady. Soňabaka goňşy döwletiň oba adamlary, hususan-da türkmenler bilen goňşy welaýatlaryňkylar, Näzdepe gyrgynçylygynyň taryhyny eşidip Ruhy batyry özleriniňki saýyp başladylar. Gynandylar. Iki tarapyňam talaňçylaryna, alamançylaryna nälet okadylar. Ruhy batyryň gözleýän adamsyny gördükleri günübirin habar etjekdiklerini aýtdylar. Gelenini, gidenini bildirmek üçin ol her gezek goltugyndan çykaryp, asmana akja kepderi uçurýardy. Şonuň üçinem oňa ol ýerde Guşly batyr diýip at goýdular. Şol hereketlerini ol öz ýurdunda-da gaýtalaýardy. Şoňa görä ol öz obadaşlarynyň arasynda-da Guşly batyr diýen ada eýe boldy. Soňabaka ol gözlegini ýekelikde dowam etdirip ugrady. Çünki, alamançylar bilen gitse barybir oňa-da gara ýokýardy. Şondan soň onuň töweregine çagalyk dosty Durdydan başlap ikiden-üçden ýigitler ýygnanyp başladylar we tiz wagtyň içinde otuza golaýladylar. Olaryň arasynda kimdir birinden ganly bolup obasyndan gaçanlaram, ar-namys üçin ata çykanlaram bar. Alamançylyk maksady bilen gelip goşulmak islänleri ol kabul etmeýär.

Ol hemişe ejiziň tarapynda. Kimdir biri güýjüne ýa baýlygyna baýrynyp pukara jebir etse, hökman arkasyny tutýar, aryny alyp berýär. Kazy-kelanlaryň çözüp bilmedik meselesinem Ruhy batyryň çöp-döwlen ýaly edip goýberýän gezekleri az bolanok...

Şonuň üçinem, ony uly il sylaýar. «Siz bizi eklemeli, sebäbi, biz sizi goraýas» diýip, halka azar berenok. Agram slanok. Özlerini eklär ýaly ýer-suwlaram, mal-mülklerem, şol zatlara sereder ýaly adamlaram bar. Mekany Gökdepeden uzak bolmadyk ýerde, gum içindäki guýularyň biri. Hemmesem öýlenmedik jahyllar. Maslahatyň içinde häzir onuň ýeke özi. Ol edil özüniň ak guşy ýaly. Hiç kime boýun egenok. Hiç kimi özüne boýun egdirjegem bolanok. Onam özüne boýun egdirjek bolanok.

Kimiň näme diýýändigine garamazdan, Ruhy batyr gözlegini togtatmady. Häzirem togtadanok. Ýitigini tapyp, aryny ýere salmak baradaky umydyndan entegem el üzenok. Uruşly mesele ara düşmedik bolsady, ol häzirem bu ýerde beýdip ýazylyp, ýaýrap oturmazdy.

Ýaňy bir on dokuz ýaşyna gadam basandygyna garamazdan, il içinde şolar ýaly meşhurlyk gazanan, Guşly batyr adyna eýe bolan Ruhy batyryň ruhy ahwalaty gysgaça aýdanyňda ine, şulardan ybarat. Häzir bolsa ol çemenzarlygyň ortasynda ýeke biten çynar ýaly geňeşe ýygnananlaryň arasynda howalanyp otyr. Onam bu ýere beýleki abraýly adamlar bilen deň-derejede çagyryp getirdiler. Hormat bilen söz berdiler. O-da hiç bir basyr-ýussursyz, öz sözüni çekinmän aýtdy. Ýöne, bilşimiz ýaly onuň aýdan sözleri Gurbanmyrat işana ýakmady. Şeýle-de bolsa ol häli: «hä, galtaman diýsänim», diýen sözünem ýigrenç bilen däl-de, gepiň gerdişine görä aýdyp goýberdi.

Şonuň üçinem, ol şondan soň Ruhy batyr bilen çekeleşjegem bolmady-da:

– Şu gala girmeli däl, diýlen meselä degişli ýene bir zat aýdaýyn-la men – diýip, ol aşaklyk bilen Berdimyrat hanyň ýüzüne seretdi.

– Aýdyň işan aga aýdyň.

Gurbanmyrat işan nazaryny Dykma serdar bilen Orazmämmet hana tarap gönükdirdi.

– Orazmämmet! Öwezmyrat! – Soň ol Ruhy batyra tarap boýnuny süýndürdi. – Aý, inim! Siz bir zada düşüniň. Bu ýerde syýasat ba. Çünki, ine, ýaňyja özüňiziňem aýdyşyňyz ýaly bizde döwlet serenjamly, düzgün-nyzamly goşun ýok. Orslaňky ýaly öýüne möhürli kagyz iberäge-de, ýigitleri gulluga çagyryp, gelmedigini bendi edip ýa çäre görüp bilemizok. Biz häzir halky ýer-ýurdy goramaklyga ýa-da Allanyň adyndan çagyrmaly, ýa-ha şular ýaly bir emel etmeli...

– Gala ýygnanmadyklaryň kellesini kesmeli! Öýüni talamaly! Obasyny weýran etmeli! – Jyýky batyryň duýdansyz çykan bu batly sesi adamlaryň barysyny şol tarapa üşerilmäge mejbur etdi.

– Ana, gördüňizmi? – diýip Gurbanmyrat işan gala girmek islemeýänlere bakyp ajy ýylgyrdy. – Ine, biziň bar bolubilşimiz, tertip – düzgünimiz şü! Bu gowy zat däl. Ýöne, nätjek, häzirlekçe bolşuna görä herekt edäýmesek başga alaç ýok. – Ol azajyk dymdyd-a, öňküsindenem pessaý hem düşnükli ses bilen sözüni dowam etdirdi. – Maly-başy, ühli maşgalasy içinde bolsa, bala-çagasynyň duşman eline düşjekdigini bilse hiç kim galany taşlap gidibilmez. Biz ine, şu syýasatdan ugur alyp aýdýas o pikiri. Düşündiňmi? – Gurbanmyrat işan soňky sözýni Ruhy batyra bakyp şoňa degişli edip aýtdy. Soňam tutuş göwresi bilen, gapdalynda oturan Orazmämmet handyr Dykma serdara tarap öwrüldi. – Düşündiňizmi?

Şol wagt häliden bäri Dykma serdar bilen Orazmämmet hanyň arasynda agzyny müňküldedip oturan, halk arasynda özüniň merdanalygy, gaýduwsyzlygy bilen meşhurlyk gazanan, daýaw, biri kem altmyş ýaşly Gulbatyr serdar Gurbanmyrat işanyň soňky soragyny özüne-de degişli hasap eden ýaly çalarak ardynjyrady-da, goluny agraslyk bilen Berdimyrat hana tarap uzatdy.

Berdimyrat han ony irikgä etmedi.

– Aýdyberiň, serdar aga. – Berdimyrat han gamçy ýaly syrdam hem uzyn göwresini hasam dikeltdip öýüň izine göz aýlady. – Adamlar! Sözi Gulbatyr serdardan eşideliň...

– Galaly meseläňiz-ä işan aga menem gaty bir unap baramok. Dogry, siz ýaňy degerli tymsallar bilen öz pikiriňizi dellillendirdiňiz. Ýöne, biz bu ýerde gala salyp galany goramak barada däl-de, halky goramak, ýurdy goramak ýagyny gala ýetirmän gaýtarmak barada pikir etmelimikäk diýýän. Kibtiňde galkan aýlap, gylyç salmak üçin ýigide meýdan gerek. Dar ýere dykylsaň uruş görmänjik gyrylarsyň baryň. Duşman alkymyňa geler-de, topy bilen galaňy oka tutar oturar. – Gulbatyr serdar süňklek, berdaşly goluny indi Ruhy batyra tarap uzatdy. – Ruhy batyr ýaşam bolsa juda jaýdar söz aýtdy. Gala diýeniň bir gaçybatalgadyr, diýdi. Hak diýdi. Men şony goldaýan. Uruşjagyň çynyň bolsa bukulyp däl-de döş gerip, merdanalyk bilen söweşmek gerek. Ine işan aga, biziň-ä sözümiz. Ýok, bala-çagalaryňyzyň gözüňiziň öňünde gyrylanyny görerin diýseňizem giriň gala. Köpçülik çözgüt etse bizem gireris. Halkyň keç ykbalyny deň paýlaşarys... Ýöne, bolar-bolaj-a şeýle...

– Al-aýt, gala-da bir bela boldy-aýt, birenteginiň başyna – diýip, Gurbanmyrat işan gyýa bakyp oturşyna özbaşyna diýen ýaly gaharly gürledi. – Entek ondan öňde uruşmalymy ýa ýok, diýen mesele-de ýatyr-a. Entek şolam doly çözülenog-a...

Ýene-de ýaşlar başly-barat gyrgyryşyp başladylar.

– O mesele bireýýäm çözüldi, işan aga!..

– Uruşmaly diýildimi, uruşmaly!

– Maslahaty jemläň, adamlar!

– Hanmämmet atalyk bilen Orazmämmet hana gulak asmaň!

– Olar dönük!

– Satlyk!

– Dykma serdaram dönük!

– Şolaryň üstüne Gulbatyr serdaram goşuň!

– Goý, gowusy orslardan nüçe pul alandyklaryny aýtsynlar.

– Ýigitler! – diýip, Garabatyr ýerinden turdy. – Ataňyz ýaly adamlara bular ýaly agramly sözler aýtmaga utanmadyňyzmy? Egerde kimde-kim şundan şeýläk şolar ýaly ýakymsyz söz aýtsa, meň nökerim däldir. Gaýratyň gapdalynda adamkärçiligem gerekdir.

– Boluşlary şol bolsa aýtmal-a bor – diýende, Jyýky batyryň, ýata suwuň düýbündäki göm-gök ýylçyr palçyk ýaly ýalpyldap duran gara ýüzüniň çekgeleri “tirpildäp-tirpildäp” gitdi. Agzam bir tarapa gyşaran ýaly, gözem çaşaran ýaly boldy.

Garabatyr öňküsindenem has degerli bir söz agtarýan ýaly daş-töweregine ýalt-ýult edip durdy-da, birdenem Jyýky batyra tarap owsun atdy.

– Çyk sen, maslahatdan!

Oňa çenlem  gaharyna bäs gelibilmän, titräp oturan Dykma serdar towsup ýerinden turdy-da, Garabatyryň öňüne böwet boldy. Dişinden syzdyryp:

– Dur, Garabatyr! Bularyň jogabyny men özüm bereýin – diýdi. Peşgeş diýdiňiz, para diýdiňiz, gizläp oturjak däl, ony han-begleriň hemmesem aldy. Menem aldym. Ýöne, biz ony ýurdy satmak niýeti bilen ýa nebsimize buýrup bilmän alamyzok. Olaryň bizi şojagaz pul bilen satyn aljak bolýandyklaryna aklymyz çatmanam alamyzok. Hoşniýetli gatnaşyklarynyň tarapdary bolanymyz üçin aldyk. Şol pikirimi men häzirem gizlämok. Şonuň üçinem, uruşmalyň diýip otyryn. Her kim öýli-öýünde sag-salamat otursa, adam şekilligatnaşylsa oňa ýetesi zat bamy? – Gahardan ýaňa «has-has» edip oturan serdar ýognasdan gelen kelte barmaklaryny ýere çommaltdy – Hat-petegem ors baýarlary ýeke maňa iberenoklar. Olar on ýyl bäri bizi uruşsyz boýun egdirmekligiň ähli tärlerini ulanyp gördüler. Ýöne, egerde, men dönük bolsam, orslara ýapja bolmak isleýän bolsam, onda ýanaral Lazaryň hatyny köpçüligiň maslahatyna goýmazdym. Assyrynlyk bilen iş görerdim. Emma şol maslahat boýun egmeli däl, diýip karar çykarandan soň atymy ýeke çapan däldirin. – Elini gylyjynyň bagjagyna ýetirenini Dykma serdaryň özem bilmän galdy. – Şoň üçinem, kimde-kim şol bir zady köp gaýtalap,

men hakda beýleki, han-begler hakda ýaňky ýaly ýürekbulanjy söz aýtsa, adym yza gara ýöňkejek bolsa, men oňa Dykma serdaryň kimdigini hut, şu ýeriň özünde görkezerin.

Bu gezegem Jyýky batyr böküp ýerinden turdy.

– Gel, görkezseň!

Onuň bilen bilelikde ýigitleriniňem iki sanysy güsürdeşip ýerlerinden galdylar.

– Bol, görkezseň!

– Haýsymyz bilen diýseň biz taýýar!...

Dykma serdar:

– Ä-äý, siziňem bir... diýdi-de, oturanlaryň arasy bilen ýaş batyrlara tarap ätmerläp ugrady. – Baryňyz bolanyňyzda näme meň üçin... ýörüň, üçüňizem bile çykaýyň...

Rejäniň geň däldigini aňan Kerimberdi işan galkyjaklap galdy-da, iki golunam göterip serdaryň öňüne howala boldy. Şol durşuna-da egniniň üstaşyry gaňrylyp ýaşlara seretdi. Azm urdy.

– Baryň ýok boluň, üçüňem. Çykyň maslahatdan! – Ol iki eli bilen Dykma serdaryň egninden tutup öňki ýerine eltdi. Oturtdy. Ýüzlerini sallaşyp, Dykma serdara tarap öçli bakyşyp barýan ýigitlere dik duran ýerinden barmagyny çommaltdy. – Bar belaň başlygy siz! Bar, başarýan zadyňyzam ýürek bulamak! Birek-biregiň üstüne dyzamak! Gepe-söze gulak asmazlyk! Ulyny-kiçini sylamazlyk! Dykma serdar, Orazmämmet han, Hanmämmet atalyk, Gulbatyr serdar ýaly adamlar gepi diňlenmejek bolsa, öz sözüni aýdan adamlara ýerli-ýerden ýoknasyz söz aýdyljak bolsa, ondanma bir maslahat bolarmy? Bu adamlar siziň çeýnejek çöpüňiz däldir. Olaryň zarbyndan külli Eýran, Turan, Orsyýet titrändir. Öz tanymal adamlarynyň hormatyny saklamadyk ildenem bir il bolarmy...

– Her näme diýseňizem şolaryň barysy dönük... – diýip, çykyp barýan ýigitleriň iň soňkusy bir aýagy bosaganyň bärsinde, beýlekisi aňyrsyndaka çep çigniniň üstünden garap dişini gyjady. – Şonuň üçinem, uruşmazlygyň tarapyny tutýalar.

Oňa gulak salan bolmady. Kerimberdi işan welin ony barybir jogapsyz goýmady.

– Häý, birtopar öý batyry peläketler! Ine, ors geler welin, näme, gaýratyňyz bolsa şolara görkeziň!.. – diýdi-de, öz ýerine geçip oturdy.

Maslahatdan kowlan ýigitleriň yzysüre ylgaşlap çykan Garabatyryň öýüň daşynda durup öz ýigitlerine käýinýäni, haýbat atýany eşidildi. Ýöne, gaýtargy

welin eşidilmedi. Özi aýtdy, özi goýdy. Köp eglenmänem gaýdyp geldi. Ýerine geçip barşyna ýigitleriniň biedeplik edendikleri üçin maslahatdan ötünç sorady.

Hemmeler ýeňillik bilen dem aldy.

Berdimyrat han hanlaryň üýşmegine tarap seretdi.

 Siz öz sözüňizi aýdyp bolduňyzmy? Başga aýtjak zadyňaz bamy?

Maňlaýyndan burçak-burçak der akdyryp oturan Orazmämmet han çalarak arkan gaýyşdy.

 Bolduk.

Hanmämmet atalygam şol manyda baş atdy. Dykma serdaryň henizem köşeşibilmän titräp oturşyny görüp Berdimyrat han Gurbanmyrat işana ýüzlendi.

 Maslahaty jemäýsek nädýä, işan aga? Ýa ýene-de aýtjak goýjak zadyňyz bamy?

Gurbanmyrat işan uçjak guş ýaly gollaryny galgadyp, oturran ýerinden birküç ýola gobsundy.

 Bar.

 Aýdyň, işan aga.

 Aýtsam, Berdimyrat han, maslahat-a jemleniberenem ýaly. Ras, adamlaryň köpüsi uruşmaly diýdimi, uruşmalam bolar. Ýöne... – Ol hamala gürrüň şol barada barýan ýaly, şoňa baha kesilýän ýaly, aşagyndaky lowurdap duran täzeje halynyň ýüzüni aýasy bilen o ýan bu ýan sypalady. Soňam aýtjak zady hamala howa bilen bagly ýaly başyny galdyrdy-da, açyk tüýnükden al-asmana seretdi. Birdenem ýüzüni Berdimyrat hana tarap öwürdi. – Elbetde, menem gan dökülmeginiň tarapdary däl. Emma... – Ol indi gözüniň gyýtagyny Dykma serdara tarap aýlady. – Kim näme diýse-de, ors yslamyň din duşmany bolup durýa. Olar bilen biz hiç haçanam il bolup bilmeris. Hernäçe towşan tüý boljak bolsagam olar bizi äsgermezler. Iru-giç çaknyşmaly, aýrylyşmaly bolar. Şonuň üçinem... _ Gurbanmyrat işan ýassygyny bagryna basyp iki tirseginem dyzyna diredi. – Şonuň üçinem, men şu urşuň «gazat» diýip yglan edilmegini haýyş edýän. Gala ýygnanmak baradaky pikiriňem goldanylmagyny isleýän. Munuň dogry çykalgadygyna şu günki garşy bolýan adamlaram ýeňişden soň düşünerler. Eşiden bolsaňyz eşidensiňiz, maryly tekeleri Sarahsda oturýarkalar Hojaşükürem hut gala meselesinde Gowşut handan öýkeläp gidipdi. Gala gereek däl, diýipdi. Emma ahyrynda kimiňki dogry bolup çykdy? Gowşut hanyňky dogry bolup çykdy. Ol özüniň şol pagsa galasy bilen Mädemin hany kun-peýekun etdi. Bizem şu galamyz bilen orslary kun-peýekun ederis, işşalla! Ok-ýarag şaýymyzam däninim, birenteckleriniň aýdyşy ýaly gaty bir el-halam däldir. Gerek bolsa Änewdäki topumyzam getireris. Yslam diýip ýapyşsak bu işde bize Alla-da ýardam berer...

Ýaşlar tarapdan ýene-de:

– Işan aga dogry aýdýa!

– Uruşmaly!

– Alla bizdendir!

– Ýa, Alla!!! – diýen ýaly şowhunly sesler eşidildi. Ýöne, olaryň sesi bu gezek tertipli, hiç-hili gyjalatsyz, makullaýjy äheňde çykdy. Bu şowhuna öýüň daşyndaky tärime gulaklaryny goýşup oturan ýaş-ýeleňlerem goşuldylar.

– Ol-a bir... – diýip, köpçülikden arka tapynanyna monça bolan Gurbanmyrat işan indi öňkülerine görä birneme dözümliräk gepledi. – Ýene bir teklip bar, o-da: eli ýarag tutanyň barysy bu gün – erte gala ýygnanyp, iň soňky demlerine çenli söweşjekdikleri barada Kurany Kerimden ant içmeli...

... «Ýeri indi muňa näme diýersiň» diýýän manyda Dykma serdar ýeljigen ýüzüniň derini tirme ýaglyk bilen süpürip oturşyna Berdimyrat hana tarap soragly seretdi. Han ýüzüni iki baka sypajaklatdy. Çünki, ant-şert türkmeniň iň bir erbet görýän zadydy. Ony içmegem, içir megem aýp zat hasap edilýärdi. Ant, adatça sözünde tapyljakdygy gümana hasap edilýän ygrarsyz adamlara, mejbury çäre hökmünde içirilýärdi. Bu teklibiniň goldaw tapjakdygyna dogrusy Gurbanmyrat işanyň özem gaty bir ynanyp baranokdy. Şonuň üçinem ol aljyraňňylyga düşen nazaryny ýene-de ýaşlara tarap aýlady.

Ýaşlar täzeden örç aldylar.

– Dogry şol!

– Işan aga dogry aýdýar!

– Kurandan ant içmeli!

– Ýogsam hemmeler deň uruşmaz!

– Kimiň ýürekden, kimiň kiçi dilden bärde gürleýäni ana, şonda belli bolar!

Kerimberdi işan esli mahal aşak bakyp, başyny ýaýkap oturdy-da, Orazmämmet hanyň ýüzüne seretdi.

– Işan aganyň teklibi barada aýdybiljek zadyň bamy, Orazmämmet?

Orazmämmet han endigine görä söze başlamazdan öň azajyk arkan gaýyşdy. Üsti derjäp duran etlek elleri bilen tegelek ýüzüne gelşik berip duran gürzelek sakgalyny sypalady.

– Biz-ä sözümizi ýaňyja boldum edipdik welin...

Berdimyrat han bilen Kerimberdi işan ikisi iki ýerden seslendiler.

–Bu teklip täze teklip, Orazmämmet han. Goýulan mesele-de hele-müçek däl. Gürrüň kelamylladan ant içmek barada barýa. Şoň üçinem aýdyň. Goý, hemmelerem aýtsynlar.

Orazmämmet han uludan demini aldy-da, döşüni gabardyp daş-töweregine ser saldy. Tebigatyna görä howlukman, sypaýyçylyk bilen söze başlady:

– Adamlar! Uruşmaly diýdiňiz, taň etdiňiz. Köpçülik näme diýse biz şoň bilen bolarys. Girmeli bolsa galada gireris. Ýöne, urşulaýanda-da, gala giriläýende-de, men ýeriň, ýurduň, bala-çaganyň ant-şert bilen däl-de, top, tüpeň, iň bolmanda gara gylyç bilen goralýardygyny bilýän. Bu gün kelamylladan ant içip, halkyň ýarysy gyrylandan soňam ýagyň ýanyna baryp aman dilejek bolsaň şondan beter masgaraçylyk bolmaz. Şuň hut şeýle boljakdygyna  bolsa men ynanýan. Şonuň üçinem towakga edýän, hälem bolsa işan aga bu teklibini yzyna alsyn. Halkymyzy beýle aýylganç synaga sezewar etmesin.

Berdimyrat han şondan soň täze teklip barada Dykma serdaryň, Hanmämmet atalygyň, Gulbatyr serdaryň pikirini sorady. Olaryň hemmesi beýle çäräniňem geçirilmegine garşydyklaryny, gerek bolsa-bolmasa yslamy bar zadyň arasyna sokup, gadryny gaçyryp ýörmeli däldigini aýtdylar. Beýleki han-begleriň, şahyrlaryň, bagşy-sandalaryň pikirleri bolsa dürli-dürli çykdy. Olaryň käbirleri Orazmämmet hanyň aýdanlary bilen ylalaşsa, käbirleri Gurbanmyrat işany goldadylar. Ýaşlaram şolaryň üstüne goşsaň, göräýmäne ant içjekleriňem sany agdygrak ýaly göründi.

Soňky teklip boýunça Ruhy batyrdanam öz pikirini aýtmaklygy haýyş etdiler.

– Biz ant içmeris – diýip, ol bu gezegem öz pikirini çürt-kesik aýtdy. – Sebäbi, birinjiden-ä Orazmämmet hanyň aýdyşy ýaly ýer-ýurt ant bilen şert bilen goralýan däldir. Ikinjidenem, siz birden ýeňiläýmegimiziň ahmaldygy barada hem pikir edip görüň. Bu barada biz ýaňy Garabatyr bilen gysgaça pikir alyşdyk, ony özüňizem eşitdiňiz. Men Garabatyra müňkürlik edibiljek däl, ýöne, ine, görersiňiz, birentek adamlar bu gün: «ýa alaryn, ýa ölerin» diýip, şert ederler, ýeňilenlerinden soňam gelip, ors baýarlaryna boýun sunarlar, at-ýaraglaryn tabşyrarlar, gulluga durarlar, hyzmatlaryny ederler. Şoň üçinem, Orazmämmet hanyň aýdyşy ýaly halkam, özüňizem beýle ýowuz synaga sezewar etmäň...

– Bolduňmy batyr?

– Boldum.

Berdimyrat han maslahat başlanaly bäri, hanlaryň üýşmeginiň arka ýüzünde, tärime ýaplanyp çilimini burugsadyp oturan Gönübek sazandanyň tüsseden ýaňa käte bir görnüp gidýän çepiksize göwresine nazaryny dikdi.

– Amanageldi aga siz näme diýersiňiz bu ýerde aýdylanlar barada.

Gönübek sazanda çekip oturan «pokurdyk» çiliminden ýene bir gezek sordy-da, emaý bilen gapdalynda goýdy. Daş-töweregini gaplap alan goýy dumanyň sowlaryna garaşýan ýaly birmeýdan sesini çykarman hükgerilip oturdy. Üsti gara

tegmillerden doly horja eliniň uzyn barmaklary bilen selçeň sakgalyny darady. Süňklek çekgelerini sypalady. Gojalygyň golaýlamagy bilen agy saralan gözlerini näbelli bir nokada dikip oturşyna iň soňky gezek soran tüssesini çykarmaga dözmeýän ýaly boguljyrap gepledi.

– Maslahat-a Berdimyrat han, bu ýerde birhili çugdamlanmadyk ýaly görünýä. Urşup uruşmazlyk barada-da, gala girip-girmezlik barada-da, ant içip-içmezlik babatda-da pikir esasan ikä bölündi. Özem, şol iki tarapyň ikisem öz ugruna mamla. Haýsysynyňkyny diňleseň şoňky dogry ýaly bolup dur. Şonuň üçinem, bu meseläniň üçüsinem halkyň garamagyna goýsaňyz gowy bolaýjak ýaly bolup dur. Meň göwnüme-hä şeýle.

– Maslahata goýlan meseleler barada öz pikiriňiz nähili, Amangeldi aga.

Hemmeler bir gulaga öwrülip Gönübek sazanda tarap üşerilişdiler. Gönübek depesi ýylçyr, iki tarapy gytyk çal saçly togalak kellesindäki tahýasyny maňlaýyna süýşürip ýeňsesini gaşady. Öňküsindenem beter küýkerildi.

– Öz pikirimi aýtsam, Berdimyrat han, birinji, ikinji mesele barada-ha köpçülik näme diýse şo bor. Ýöne, ine, şü, antly-şertli meseläňiz welin... Birhili... Meňň-ä göwnüme jaý däl. Sebäbi, türkmen asylam bir anty-şerti gowy görýän halk däldir. Anthory Hudaýam halaýan däldir. Ant içmegem, birine bet gumanlyk edip içdi rilmegem, gaty gabahat zatdyr. Çünki, soň onuň yzynda durmak gerekdir. Bu mesele-de Orazmämmet hanam, Ruhy batyram mamla...

Özüniň gönüligi, dogry sözlüligi, ýeke gepliligi üçin «göni» lakamyny alan, Amangeldi atly pukarasypat, edil göwresi ýaly kiçi göwünli, Ahalyň iň ökde sazandasy hasap edilýän, ölemen çilimkeş bu adamyň ant-şert barada ozaldan gelýän öz dünýägaraýşy bar. Bu häsiýetini ol öňräk, Kerimberdi işan bilen baglanyşykly bolan bir wakada hasam äşgär edipdi.

Şol gezek Eýran tarapyndan bir çozuşyň bolaýmagynyň ahmallygy barada habar ýaýrapdy-da, Ahalyň ähli ekabyrlary, aksakgallary, Gäwers obasyna ňygnanypdylar. Şonda, bir gün agşamaralar namazdan soň, ýörite arassalanan takyp ak meýdanda ýazylan keçedir, haly-palaslaryň üstünde mesaýy gürrüňler edişip otyrkalar, Kerimberdi işan çat maňlaýynda alaburugsy bolup oturan Gönibege garap ýarym degişme bilen:

– Adamlar! Şü, Amangeldi göni ýaly sylanýan, gepi-sözi ýörgünli adam Ahalda az-azdyr. Sazandalygam şonuň ýaly. Ýöne, arman ölemen çilimkeş-dä. Şojagazynam goýubiläýse-hä... – diýdi. Soňundanam märekä ýüzlendi: – Haýsy biriňiz şuňa çilimini goýdursaňyz ak pataňyz-a menden.

Nurberdi hanam:

– Tagsyr pataňyzy beriberiň Gönübek çilimini goýar – diýdi.

Barysy bir adam ýaly bolup Amangeldi gönä tarap seretdiler. Her kim onuňam: «Bor, tagsyr, goý, siziň diýeniňiz bolsun goýdum men ine şu çilimi» diýerine garaşdy. Halys bolmajagyny bilensoňlar ýerli-ýerden ýalbarmaga başladylar. Emma ýerden ses çykdy, Gönübekden ses çykmady. Şo-ol, aşak bakdy-da, ýüzüni aktam edip dymdy oturdy. Märeke kyn ýagdaýa düşdi. Kerimberdi işan ýaly golaýda haja gidip gelen, onsuzam adamkärçilikli hem takwa adam hökmünde uly il tarapyndan sylanýan adamyň beýdip köpüň içinde sözüniň geçmän durşuny oturanlaryň hemmesi ýokuş gördi. Kerimberdi işanyň özem birhili boldy. Märekäniň içinde Muham atly başga-da bir çilimkeş bardy. Ana, şol:

– Tagsyr, maňa beräýiň şol pataňyzy. Ine, men goýýan çilimimi... – diýdi-de, märekänem, Gönübek sazandanam, Kerimberdi işanam oňaýsyz ýagdaýdan halas etdi oturyberdi.

Hemmeler uludan demlerini aldylar.

Ondan-mundan:

– Hä-ä. Bolaýdy şüý-ä.

– Kemi galmady.

– Işan hajynyň yhlasy ýerine düşdi – diýen makullaýjy sözler eşidildi.

Gönübek sazanda welin şondan soňam bir meýdan böwrüni diňläp oturdy. Ahyram agyr ýüküň aşagyndan çykan ýaly uludan demini aldy-da, bir gysym bolan göwresini bolşuna görä dikeltdi.

– Başarmajak işiňi boýnuňa alyp şert etmek, ant içmek, soňam yzynda durup bilmezlik ýaly ýaman zat ýokdur, adamlar. Men şumat işan agaň ýüzünden ötübilmän kiçi dilden bärde «bor» diýsem, soňam özüme erk edibilmän çilimimi çekibersem ol munça-da bolmaz. Işan agany äsgermedigim, sözüni alga almadygym bolar. Hemmeler maňa: Gönübek ygrarsyz ekeni, diýer. Sebäbi men muny goýup bilmejegimi bilýän. Şoňa gözüm ýetýä. Goýup bilýän bolsam öňi bilen öz saglygym üçin goýjak. Şonuň üçinem, siz menden aýp-syn etmäň, adamlar...

Şonuň bilenem şol gürrüň galdy. Ant-şert barada ine, şolar ýaly berk pikiri bar adamyň häzirem başgaça geplemejekdigine gözleri ýetip duran hem bolsa her kim onuň her bir sözüni sypdyrmazlyk üçin, durşy bilen gulaga öwrülip oňa tarap ýapyryldy.

– Howwa, şol adamlar mamla – diýip, sazanda sözüni dowam etdirdi. – Sebäbi, hakykatdan-da bu işiň aňyrsy görnenok. Ýeňiş gazanylaýsa-ha ne ýagşy, gazanylmasa welin diri galanlaryň dat gününe! Her bir adamyň olara tarap barmagyny uzadyp: «Seniň ýaşamaga hakyň ýok», diýmäne ygtyýary bolar. Ýeňilýänçäň baryň ölüp gutarmajagyňam çyn. Ýeňileňsoň magşar gündäki ýaly ors baýarlarynyň öňünde kelläňi ýalaňaçlap durmaly boljakdygyňam çyn. Şol

sebäpdenem, Bedimyrat han her kimiň öz işi, ýöne, men-ä unabiljek däl şo pikiri. Unabam biljek däl, şertem edibiljek däl.

– Bu ýerde gürrüň çilim goýmak barada gidenok, Amangeldi, Watan üçin janyňy orta goýmak barada barýar.

Gönübek sazanda Gurbanmyrat işanyň bu sözüne jogap berjegem bolmady. Töweregini sermenip oturşyna:

– Men aýtjak sözümi aýtdym adamlar, – diýdi-de, hasyr-husur çilimine ýapyşdy. Otlandy. Birki ýola «pokyrdadyp» işdä bilen sordy. Şondan soň onuň göwresi tutuşlygyna tüssä siňip gitdi. Burugsap çykýan tüsse burum-burum, gatbar-gatbar bolup, käte bolsa geň enaýyja halkajyklar ýasap tüýnüge tarap süýşüp ugrady.

Amangeldi Gönübek ýönekeý sazandadygyna garamazdan ýeke gepliliginden başga-da, maslahatda oturanlaryň içinde gaňryşyna gaýdylmajak, sözi ýyklymajak ýeke täk adam diýsegem ýalňyş bolmaz. Oňa hatda Nurberdi hanaýň özem gulak asýardy. Özüniň sag goly hasap edýärdi. Öýüne myhman gelen wagty gapysynda soýara söwüşi bolmasa, Gönübek islendik baýyň, han-begiň ýa serdaryň sürüsine adam iberip mal getirdip bilýärdi. Gönübek üçin gerek diýseň hiç hili subatnama gerek däldi. Onuň üçin äkidilýän mallaryň yzy yzarlanmaýardy. Ol hemmeler üçin ortalyk adamdy. Türkmençiligiň nusgasydy.

Şonuň üçinem Amangeldi Gönübegiň ýaňky: «Maslahaty halkyň garamagyna goýmaly», diýen teklibiniň ýele gitmejekdigine, hökmany suratda ýerine ýetiriljekdigine hemmeleriň gözi ýetýärdi.

Bu hut şeýle hem boldy

Jemleýji sözüni aýtmaklygy haýyş edenlerinden soň Berdimyrat han:

– Adamlar! Amangeldi aga dogry aýtdy – diýip, pert-pert gepledi. – Bu ýerde dogrudanam pikir ikä bölündi. Hiç bir babatda-da ylalaşyga gelinmedi. Gurbanmyrat işanyň tekliplerini goranlaryň köplük bolmagy mümkin, ýöne, han-begleriň, Gönübek aga ýaly abraýly adamlaryň sözüne pitiwa etmezligem dogry bolmaz. Goý, öz ykbalyna degişli meseläni halkyň özi çözsün. Uruşmalymy, uruşmaly dälmi, gala girmelimi dälmi, şony bir ýüzli etsin. Ant içmek ýa içmezlik meselesem şonda öz-özünden çözüler. – Hemmelerden saýlanyp oturan ýaş han iki tarapyna göz aýlady-da, dabara bilen: – Makulmy adamlar? – diýdi.

«Makulda-makul» boluşdylar. Gurbanmyrat işan agzyny açyp, gözlerini tegeläp Berdimyrat hana tarap omzady. Elini uzadyp ýeňinden çekdi.

– Berdimyrat han, aý, Berdimyrat han! – Han özüne tarap öwrülendenem sesini ýuwaşatdy-da, ilden ogryn dilleşýän ýaly bir aýasyny agzyna penalady. – Halk maslahatyny gijikdirmeli däl. Halkyň hemmesi diýen ýaly şumat şu ýerde.

Galanyň gurluşygynda. Galanlaryna-da habar edäge-de, birküç günüň içinde ýygnanyşar ýaly etmeli.

Berdimyrat han munam eýýämhaçan örüşip ugran adamlara ýetirdi.

Hiç kim garşy çykmady.

Şeýle hem, egerde saglyk ýagdaýy päsgel bermese, halk maslahatyna Hakyda mollanam çagyrmak, maslahatdan öň halka hakyda diňletmek hem karar edildi.

Maslahatda Tilkiçi şahyram bardy. Egerde soran bolsa, elbetde, oňa-da söz bererdiler, ýöne, ol-a soramady, olaram özlerinden bilip bermediler.

Beriläýende ol näme diýerdi? Düýşi barada aýdardymy? «Uruşmaly diýen gürrüňiňizi goýuň, barybir biz ýeňilýäs, men muny düýşümde gördüm», diýip aýdybilermidi? Aýdybilmezdi! Aýtjak bolsa-da aýtdyrmazdylar. Aýdaýanynda-da diňlemezdiler. Diňläýenlerinde-de unamazdylar. Şeýle-de bolsa, gören düýşüni aýtmasa, boljak işiň netijesini duýdurmasa, erte ýeňlişden soň halkyň öňünde günäkär görünjek ýalam bolup dur. Ant-şert meselesinde-de belli bir zat diýmäge düýşi päsgel berdi durdy. Ähli zat öňünden aýan bolansoňam: ant içiň, uruşyň, diýse-de birhili, ýok, içmäň diýse, ol ondanam beter. Köp adamlar dogry aýtdylar: öňünden ant içip, yzyndanam ýeňiläge-de, özüňem diri galsaň, onda nähilli bor, diýdiler. Bu meselede şondan başga sorag ýok. Tilkiçi şahyryň özem öz-özüne şol soragy berdi. Ýüküň haýsy tarapynyň agdyk geljekdigine welin göz ýetirip bilmedi. Şonuň üçinem, sesini çykarmady. Ol diňe adamlar assa-ýuwaş örüşip ugransoňlar özüne geldi. Aýalary bilen ýüzüni owkalap daş-töweregine ser saldy. Ýerinden turdy. Il deňinde gapa tarap ýöneldi. Öýde diňe il içinde has ileri tutulýan han-begler, dini hadymlar galdylar. Olaryň arasynda elbetde, Gönübek sazanda hem bar.

Şol gije Gurbanmyrat işan uruşmak, gala gurmak, galanyň içine ýygnanmak barada wagyz-nesihat geçirmek üçin, Ahalyň iň uly obalaryna öz adamlaryny iberdi. Öňde duran söweşiň yslam, dini-ygtykat ugrundaky göreşdigini halka düşündirmeklerini haýyş etdi.

Köpgyraňly ýigit Ahally ýeke bir sazda Gönübek sazandanyň, ussaçylykda Abdylla ussanyň däl, eýsem Hakyda mollanyňam şägirdi hasap edilýär. Ol asyl ýaş wagty ýanyna gatnap hat-sowadam Ene, Ruhy bilen birlikde Hakyda molladan öwrenipdi. Ullakan molla bolmak niýetinde bolmasa-da, geçilmeli basgançaklaryň ählisini diýen ýaly geçipdi. Gerek bolsa ol indi Kuranam çykyp bilýär, aýat-töwürem edip bilýär. Häzirem ol Hakyda mollanyň ýanyna gatnamak bilen ýeke bir hakyda öwrenmän, eýsem, özüniň dini garaýyşlaryny hem birsyhly artdyrýar,

özüni kämilleşdirýär. Soňky döwürlerde ony Hakyda mollanyň külbesine tarap çekýän ýene bir sebäp döredi, o-da Enehakyda. Enehakydanyň özem onuň öýlerine ýygy-ýygydan gelenini kem göräýenok. Güler ýüz, hoş söz bilen garşylaýar, höwes bilen öňünde çaý-çörek goýýar, gidende ýene-de gelip durmagyny haýyş edýär. Esli ýere çenli işige söýenip, yzyndan garap durýar. Agşamlaryna bileje çaý içişýän wagtlary atasynyň Ahally hakynda köpräk gürrüň edäýenini kem görenok. Biri-biriniň üstünde ölüp-öçüp barýanam bolsalar, bir gowy zat olar bor-bolgusyz ýerlerde duşuşjak bolup, göze-başa düşüp ýörenokler. Şeýle-de bolsa ol ikisiniň biri-birine göwünlidiklerini uly il bilýär. Ony hatda Hakyda mollanyň öz ýüregem syzýar. Ýöne, garşylyk bildirenok. Elbetde, gyzyny Ahally ýaly ilhalar, polady ýumşak, ökde sazanda, bagşy, molla, üstesine Ahalyň ökde demirçi ussalarynyňambiri hasaplanýan ýigide durmuşa çykarrybilse gojanyň armany näme? Dogry, onuň ýüreginde bir ýerde agtygyny Ruhy batyra bermek hyýalam ýok däldi, ýöne, bagtyny gyzynyň özi saýlady, oňa şol bes. Şol bagtly bolsa bolany.

...Ine, bu günem Ahally Hakyda mollanyň işiginde peýda boldy. Ol gelende Enehakyda gapylaryndaky ojagyň başynda çogan gaýnadyp, suwuna atasynyň eşiklerini ýuwup otyrdy. Ahalla gözi düşenden onuň ýüregi tisginip gitdi. Çalarak gyzardy. Dodaklaryny çalarak gymyldadyp salam berdi. Dykyz, çym-ak goşarynyň daşyna üýşen köpürjikleri eli bilen gezek-gezegine kir legeniň içine syrdy. Ýeňini aşak goýberdi. Öň ýuwlup, sykylyp goýlan eşikleri eline alyp ýerinden turdy. Sermek üçin gara öý bilen saman kepbäniň arasynda germelen ýüpe tarap ýöneldi. Birenaýy ýylgyrdy.

 Giriber, atam öýdedir.

Saçlaryny başyna orap, ýukajyk, öý eşiginde kir serip ýören Enehakyda Ahallynyň gözüne öňkülerindenem has owadan göründi. Käbir ýerleri derläp, kä ýeri kir suwuna öljeren elwan köýnek bolsa endamyna ýapyşypdyr-da, beýigi-beýik, pesi-pes, mesaňa-mälim bildirip dur. Gyzy henize çenli bu halda görmedik ýigidiň ýüregi joşdy. Şol wagt onuň ylgap baraga-da, gyzy bagryna basasy, derçiräp duran al ýaňaklaryndan agyz urasy, ak alkymlaryndan ogşasy, giň maňlaýyna maňlaýyny goýup, tokmak deý ýogyn tyllaýy saçlarynyň her bir taryny ýeke-ýeke sypalasy geldi. Onuň bu hyýalyny Enehakydanyň özem duýan bolsa gerek, bärsini bakdy-da, öňküsindenem has hoşroý ýylgyrdy.

 Bar, gir, ýogsam atamyň özi çykar. Ol eýýäm seniň geleniňi aňandyr.

Onsuzam daş işikde boý gyz bilen göz çeneşip durmany uslyp bilmän, öz ýanyndan uýaljyrap ugran ýigit gyz sözüni soňlap-soňlamanka:

 Bissimilla – diýdi-de, sag eli bilen-ä eňsini bir tarapa syrdy, çep eli bilenem gapyny bäri çekdi. Sag aýagy bilen içeri ätledi. – Essalowmaleýkim.

Şondan soň aýakgabyny çykardy-da, düýp törde ýazylan galyň düşekçäniň üstünde balasyny gören ak guw ýaly eýýämhaçan özüne tarap ganatlaryny galgadyp ugran gojanyň ýanyna bardy, iki eli bilen görüşdi, hal-ahwal soraşdy, gojanyň görkezen ýerinde ornaşdy.

Ýöne, bu gezek gürrüň öňküleri ýaly, din taryh, hakyda barada däl-de, basym bolaýmalgy ahmal uruş, ol urşuň sebäpkäri bolan Orsýet, türkmenleriň güýç-kuwwatynyň olaryňka görä has kemterligi, öňde duran ähli umumy halk maslahaty, içiljek ant-şert barada boldy.

– Şol maslahatda sizem diňlejekler – diýip, Ahally halypasyna has golaýrak süýşdi.

– Habarym bar, habarym bar, aýtdylar... – Hakyda molla dik oturmaga rowgaty ýetmänsoň arkan düşdi-de, gözlerini tüýnüge dikdi. – Men-ä bilenjämi aýdaryn welin, ýöne, uruş bolsa gow-a bolmaz. Üstüňe sürnüp gelseler goluňy gowşuryp oturmagam birhili... Özi islemese agyr bir kesapaty halyň boýnuna atmak.. o-da göwne jaý zat däl. Garaz, kyn mesele...

– Şeýle öz-ä.

– Ant-şert meseles-ä asylam gelşiksiz zat.

– Ol entek çözülenok, molla aga.

– Bi gün çözülmese ertir çözüler. Orta atan bolsalar çözmän goýmazlar.

– Gurbanmyrat işan bu uruş din urşy diýýä...

–Ýok oglum, bu uruş din urşy däl, ýurt urşy. Orslara seň Isaýy bolanyň gerek däl-de, ýurduň gerek. Olar külli Türküstany basyp aldylar. Kapkazy bireýýäm eýelediler. Munça bolansoň olar bäş oýnam týrkmeni ortarada somaldyp goýaýmazlar.

– Diýmek onda uruş boljak-da?

– Ýa uruş, ýa baknalyk. Şu ikisiniň birinden-biriniň boljakdygyna söz ýok. Bularyň haýsy biriniň boljakdygy bolsa, halkyň şol iki ýoluň gaýsy birini saýlap aljakdygyna bagly. Ýöne, halk urşy saýlap alaýanda-da baknalykdan gutulmak oňa başartmaz.

– Diýmek, onda urşulmasa gowuda?

–Ony halkyň özi çözer. Ýöne, bir zat aýdyň. Güýç deň däl. Uruşda bolsa diňe bir batyrlyk bilen iş bitirip bolmaýar. Bolardy, eger-de Göroglynyň zamanasy bolan bolsa...

Goja tolgunýardy, her bir sözi beýnisine agram salyp aýdýardy, pikirini jemlemek üçin kösenýärdi, şonuň üçinem, Ahally basymrak turmak bilen boldy. Aslynda ol bu ýere gelende-de gürrüňçiligi bahanalap, Enehakydany görmek, onuň bilen iki agyz sözleşmek üçin gelipdi.

Hoşlaşyp durka-da gapydan bir eli saçakly, bir eli içi gowurdakdan doly okaraly Enehakyda girdi. Myhmanyň beýle çalt turanyny görüp, elindäki zatlaryny nirede goýjagyny bilmeýän ýaly ýaýdanjyrady. Howlukmaç gepledi.

–Wiý, eýýäm turduňmy, Ahally?

–Gaýdaýyn, Enehakyda.

–Duzam-a datmadyň.

–Taňryýalkasyn.

–Onyňa bolmaz...

Enahakyda orta saçak ýazdy. Açdy. Bir burçunda içi gowurdakly agaç okarany goýdy. Ahally dyzyna çökdi-de, saçakdaky öň döwlen, ýüzi ýaldyrap duran mele-myssyk nany sogrup aldy. Bir dişlemini döwüp agzyna saldy. Howlukman çeýnedi, ýuwutdy. Kelteräk töwür edip, elini ýüzüne syldy. Hakyda molla-da ýatan ýerinden elini galdyrdy. Enehakyda dodaklaryny gymyldatdy. Tüýnükden düşen Gün şöhlesi şol wagt onuň ozaldanam gyzyl öwsüp duran ýüzüni öňküsinden has owadan görkezdi. Ahally usullyk bilen ýerinden tursy.

–Hoş onda, sag oturyň.

Ahally daş çykdy. Enehakyda hem onuň yzysüre çykdy. Demi-demine ýetmeýän ýaly howlukmaç hem howatyrly gürledi.

– Sen ant içme, Ahally.

– Näme üçin?

– Üçüni şol, içme.

– Uly il içse menem içmeli borun ahyry.

– Uly iliň ýalňyşmagy mümkin. Çünki, onuň biri: hemme içýä menem içeýin, diýip içse, beýlekisi başga biriniň gepi bilen içer. Ýurdy goramak, ar-namys olary islendik şerte kaýyl eder, ýöne, sen ant içme. Ýalňyşma.

–Ýurt üçin islendik şerte kaýyllyk, ar-namys duýgusy mende-de bolup biler ahyry. Ýa sen meniň il bilen deň durup ýurdy goramagyma garşymy?

–Ýok, düýbünden beýle däl. Men seniň ýurdy goramagyňa garşy däl-de, ant içmegiňe, şert etmegiňe garşy. Maslahat uruşmaly diýse uruş, ýöne, ant içmän, şert etmän uruş. Çünki, antyň-şertiň yzy iňňän jogapkärlidir. Onuň yzynda durmak kyndyr.

–Ant içsek yzynda durarys, Enehakyda. Ol hut, şonuň üçinem içilýändir. Ant iümedik, şert etmedik adamyň islendik pursatda söweş meýdanyny taşlap gaçmagy mümkindir.

–Egerde ant içip, şert edip, yzyndanam ýeňläge-de, özüňem diri galaýsaň näme? Şonda saňa diňe bir ýol galýar, o-da: ýa alaryn, ýa ölerin, diýip içen antyňa, eden şertiňe görä gylyjyňa sanjylyp ölmeklik. Sen şony başarybilermiň?

Başarybilermisiňiz? Ýa-da Köpetdaga, Garaguma siňip, söweşi dowam etdiribilermisiňiz?

…

 Dymýaňmy? Bar, ölmäni başararsyňyz dieli. Indi sen şol şert eden adamlaryň ählisiniň sözlerinde tapylmak üçin öz-özlerini öldürişlerini göz öňüne getirip gör. Onda, Ahalda ýekeje-de erkek göbekli galmaz. Olaryň barsynyň aýallary, çagalary, ýeri-ýurdy duşmanyň elinde galar. Şony edibilmedik adam bolsa sözünde durubilmedik, bigaýrat bolar. Ine, men saňa näme üçin ant içme diýýän. Ant içmeseň ýeňäýeniňde-de, ýeňiläýeniňde-de ýüzüň gyzmaz. Hatyraň synmaz. Ýeňseňem, ýeňilseňem sen öz Watanyň öňündäki perzentlik borjuny berjaý eden hakyky gahryman borsuň...  Enehakyda iki aýasy bilen ýüzüni ýapdy. ─ Men bolsam öz saýlap tutan ýigidimiň ygrarly bolmagyny isleýän. Bu gün şert edip, ertirem şertinden dänjek ýigit maňa gerek däl! Maňa birdenkä ýeňiläýenimizde-de gylyjyny gynyna salman, söweşi dowam etdiribiljek ýigit gerek. Çünki, gala synany bilenem Garagum synmaz. Köpetdag ýumrulmaz. Ahaly ýer ýuwutmaz. Mongollar tutuş Horezmi ýer bilen ýegsan edenlerinde-de, Jelaleddin soltan söweşi bes etmedi. Ymam Şämil külli Kapkaz basylyp alnandan soňam orslara boýun egmedi. Olaryň ikisem tä, iň soňky demlerine çenli söweşdiler. Özlerem ant içmän şert etmän söweşdiler. Men ant içen adamlaryň bolup biläýjek ýeňlişden soň gylyçlaryna sanjylyp ölmeklerini däl-de, şolaryň göreldesine eýermeklerini isleýän. Orta ýolda içen antlaryndan dänip, yza dönmezliklerini isleýän. – Enehakyda gözlerinden ýaňak üzre paýrap dökülýän gyzgyn gözýaşlaryny aýalary bilen süpürip, Ahallynyň iki gözüniň içine seretdi. Juda ýangynly gepledi. – Elli gepden belli gep: Senem islendik halatda-da şertimde durup bilerin diýseň-ä şert et, ant iç, bolmasa-da içme! Etme! Ýogsam, ýeňiş-ä duşmana ýüz berse, senem özüňde Jeleleddiniňki ýaly göreşi dowam etdirere dogum tapmasaň, amanadyňy eýesine gowşurmana-da dözmezçilik etseň, il öňünde ýüzüň gyzarar. Meniň sözlerimi ýatlap erbet utanarsyň. Ýigitlik namysyň joşup özüňi nirä urjagyňy bilmän kösenersiň. Emma giç bor. Menden bolsa bütinleý tamaňy üzmeli borsuň.

Ahallynyň ýüzi garaört boldy. Süňňi elenip gitdi. Ýöne, syr bildirmedi. Ýüzüni iki ýana sypajakladyp gyssanmaç gürledi.

 Diýmek onda maslahatda Ruhy batyr dogry aýdan ekeniň-dä?..

 Ol näme diýdi?

 Men özümem ant içmen, ýigitlerimem içmezler. Şertem etmezler. Ýöne, duşman bilen welin ýeňiläýenimizden soňam söweşi dowam etdireris, diýdi.

Enehakyda egninden agyr ýük aýrylan ýaly ýeňillik bilen dem aldy.

– Dogry aýdypdyr. Ana, men seniňem edil Ruhy batyryňky ýaly düşünjä eýermegiňi isleýän.

– Seniň ynamyňy ödemek üçin elimden gelenini ederin, Enehakyda. Ant welin, il içse içerin, içmese içmerin. Hemmeler içip menem içmesem, olar meni gorkak saýarlar. Duşman hasaplaýmaklaram ahmal. Birdenkä ýeňiş bizden ýüz öwüräýse welin, göreşi iki adam dowam etdirse, menem şolaryň biri bolaryn. Sözümde duraryn. Sen şuňa ynanaň.

– Ine, men seniň hut şeýle ýigit bolmagyňy isleýän, Ahally. Ol özüni Ahallynyň gujagyna oklaýarly göründi. Oňa bakan owsundy. Delmurdy. Göregündizlikden, öz gapylarynyň agzynda durandyklaryndan çekinibem: – Hoş onda, – diýdi-de, gara öýüň gabsasyna elini ýetirdi. Çekdi. Ýene bir gezek Ahalla tarap nazaryny aýlabam öýe girdi. Goňrumtyl goýun gözler gapy ýapylmazyndan öňem bir gezek ýigide tarap gönükmäge ýetişdi.

Enehakydadan hoş söz eşitse, oňa hany-manyny bagş etjek ýigitler Ahalda bir ýa iki däl. Olar belki onlarçadyr, ýüzlerçedir, hatda müňlerçe bolaýmaklaram ahmal. Ol bir Ahal ýurdunyň asmanynda dogan elýetmez ýyldyz. Külli türkmen halkynyň beýnisi. Onuň hakydasyny göterip ýören mukaddes kitap. Hem görmekli, hem sowatly, hem akylly, Watanyny birnäçe erkek adamlardanam zyýada söýýän nusgaýy maşgala. Şonuň üçinem, Ahallynyň bu wagt guş kimin uçuplar barýandygyny geňläp oturasy iş ýok.

Galanyň içi bilen ýelgamak deý gaýdyrylyp barşyna ol öz ýanyndan: «Enahakyda! Ezizim! Mähribanym! Sen meniňki! Men seniňki! Bu nägehan uruş sag-salamat başymyzdan sowuldygy ikimiz toý tutarys. Birek-birege mundanam has mähriban bolarys. Hiç kimden gypynç etmän, hiç zada hor-zar bolman ýaşarys» diýen ýaly sözleri dyngysyzlyk bilen gaýtalaýar.

## 8. Ahalteke ýolunda

Bol suwly Etrek derýasam soldatlaryň suwsuzlygyny gandyryp bilmedi. Çünki, suwy bulançak ekeni. Öň şular ýaly ýörüşlere gatnaşyp gören tejribeli soldatlar ýanlaryna göteren zäkjagazlary bilen suwy durlap içýärler, ýöne, hany, ol närsejik hemmä ýetdirip durmy näme!?

Gidroluma gelenlerinde soldatlaryň gözi bu kyn ýolda emele gelen ilkinji ors mazaryna düşdi. Ol mazar öňde barýan knýaz Borhuň awangardyndan galan ýadygärlikdi. Ony görüp hemmeleriň aňyny: «Şeýdip, süsdürilip barşymyza biziňem islendigimiziň, islendik ýerde şular ýaly tümmege öwrüläýmegimiz

ahmal-ow...» diýen ýaly iniňi tikenekledíji tukat bir pikir gurşap aldy. Şondan soňky menzili soldatlar serlerini sämedip iňňän sus halda geçirdiler.

Çat berkitmesine ýetenlerinden soň welin, olaryň göwrümleri birneme giňedi. Suslykdanam açylyşdylar. Çünki, ol ýerde birgiden bendeleri goýnuna gysyp, uly bir mazarystanlyk ýaýylyp ýatyrdy. Köp mazar ýeke mazaryň döreden göwnüçökgünliklerini aýyrdy. Adamlara panynyň baky däldigini ýatlatdy. Hemmeleriň kalbynda birhili, mertlik duýgusy oýandy. Ol mazarystanlyk berkitmeden ýarym wýorstlykda ýerleşen «Gyzyl hajyň» iki ýüz orunlyk keselhanasynyň şeýle az wagtyň içinde «işläp çykaran» önümi ekeni. Aýdyşlaryna görä, şol keselhana düşen adam ondan aňsat diri çykmaýarmyşyn. Çünki, ol ýere diňe içgeçme, segle, ysytma ýaly howply kesellere sezewar bolanlar eltilýärmişin. Ýöne, olaryň ölümine sebäp bolýan zat däri-dermanyň ýetmezçiligi ýa hekimleriň emelsizligi däl-de, birinjiden-ä Düzolum, Tersakan ýaly golaý-goltumlardaky berkitmelerden eýýämhaçan boljagy bolan ysgynsyz, halys egbarlan soldatlaryň getirilýändigi, ikinjidenem elhenç hapaçylyk. Keselhananyň daş-töwereginiň arassa saklanmaýandygy. Janyňy alyp barýan tüp yssyda sadyr suwuň köp içilýändigini nazara almanyňda-da, berkitmäniň golaýyndaky jaryň, sansyz çukurlaryň we pessejik dag eňňitleriniň her dürli zyňyndylardan, nejasatlardan ýaňa leýs bolup ýatandygy.

Mazarystanlygyň içinde bir gubur beýlekilerden ala-böle saýlanyp dur. Başujynda bolsa ýüzüne merhumyň ady, doglan ýyly we wepat bolan senesi ýazylan daş goýlupdyr. Ol mazar şu ýerde sanalgysy dolup, jan teslim eden ofiserleriň birine degişli.

Ýene bir bellemeli zat: atly goşuna seredeniňde, pyýada goşundan ölýänleriň sany köp.

Çatda ýatymlyk düşlenilýändigi sebäpli, soldatlara çadyr gurmak barada buýruk berildi. Dagystanlylardan ybarat, hakyna tutma meýletinçiler bolsa täler ýasandylar. Olaryň düşelgesi ors soldatlarynyňka meňzänok. Daşyndan seretseň edil birgiden galtaman düşlän ýaly. Olaryň özlerini alyp baryşlaram soldatlaryňky ýaly däl. Haçan görseň goh, galmagal. Şowhun. Aýdym. Saz. Tans. Özlerem atarman-çaparmanlykda, edermenlikde külli Kawkazda şan-şöhrat gazanan saýlama ýigitler. Howalary belent. Olara hökümet tarapyndan parahatçylyk döwründe 10 manat, uruş ýagdaýlarynda bolsa 15 manat aýlyk hak tölenýär. Ýöne, olary imrindirýän zat ojagaz pul däl-de, şöhrat. Olaryň obalarynda goşunda gulluk edip, özüni görkezmedik oglana gyz berilmeýärmişin. Galyberse-de olara olja gerek.

Ýöne, elli gradusa baryp ýetýän agyr yssy basym olaryňam haýlaryny aldy. Ýykdy. Guşlukdan başlap tä, öýlän Gün agýança düşelge-de adam barlygy bildirmedi.

Soldatlaryň ýagdaýam şolar ýaly boldy. Gün gyzyp ugrandan her kim eşigini sypyryp sümelgesine kürsäp urdy we tä salkyn düşýänçä hiç kimden gymyldy-hereket bolmady.

Çatda agaçdan gurlan kiçeňräk ybadathananyň bardygyny eşidip, Iwaşow diýseň begendi. Çünki, onuň düşünjesine görä, her bir hristian wagtly-wagtynda ybadathana baryp Hudaýa mynajat etmelidi. Çokunmalydy. Şem ýakyp, Biribardan günäsiniň geçilmegini soramalydy. Şol terbiýäni ol öýünde ejesinden alypdy. Şu wagtam ýeke bir ýatjak wagty ýa nahar iýmeziniň öň ýany däl, eýsem ýörüşe ugraljak wagtam papagyny çykaryp doga-dilegler etmäni unudanak. Sebäbine doly düşünmese-de, her bir soldat ýaly o-da bu ýörüşiň ýeňişli bolmagyny, ors ýaragyna şöhrat getirmegini, Beýik imperatoryň özlerine bildiren ynamynyň ödelmegini, buýruklarynyň birkemsiz berjaň edilmegini isleýär. Hudaýdanam hususan, şol zatlary dileýär.

Şonuň üçinem, ol hem-ä iki gün bäri serinde kowsarlap duran mazarly pikirlerden aýňalmak üçin, hemem hemişekije aýak üstünde edýän, doga-dileglerini Hudaýyň hut öz öýünde etmek üçin salkyn düşerine mähetdel eşiklerini geýdi-de, çadyrdan çykyp ybadathana tarap ugrady. Baryp ähli däp-dessurlary berjaý etdi. Eýýämhaçan öz dişini görkezip ugran bu kyn hem hatarly ýolda özüne-de, ýoldaşlaryna-da ýene bir gezek rowaçlyk diledi. Soň mellegine aýlanýan ýer eýesi ýaly iki elinem arkasyna tutup daş-töwerege aýlandy. Etregiň Sumbar derýasy bilen birikýän ýerinde, sag kenarda, kyrk sažen çemesi belentlikde ýerleşen Çat berkitmesini hemmetaraplaýyn, ine-gana synlady.

Çat – bu hem edil Çekişler ýaly Ahalyteke ýörişiniň ýolunda ýerleşen hemişelik berkitme bolup, onda soldatlaryň kazarmalaryndan, ofiserleriň ýaşaýyş we edara jaýlaryndan başga bolgusyzja, çalamydar ammarlar, hütdüjeklerde ýerleşen dükanjyklar hem göze ilýär. Söwda edýänler esasan ermeniler. Olar Çekişlerden bäri goşundan galman gelýärler. Niýetleri Ahaltekä baryp, ýeňişden soň Gökdepe galasynyň düýbünde durup söwda etmek. Pul gazanmak. Baýamak. Häzir welin, Çata golaý ýerlerde ýerleşen obalardan gelýän türkmenleriň getirýän unlaryndan we goýun ýaglaryndan «lawaş» bişirip satýarlar. Howanyň yssygygyna garamazdan söwdalary küşüt. Harytlary geçginli. Onda-munda gawun, üzüm ýa-da tamdyr çöregini satyp oturan türkmenlerem göze ilýär.

Olaryň ermenilere görä kän ynsaplydyklary Iwaşowyň synçy nazaryndan sypmady. Asla, bu barada tutuş goşun gürrüň edýär. Hatda ofiserlere çenli ermeni söwdegärlerini naýynsaplykda aýyplap, türkmenleriň ynsaplydyklaryny oturan-

turan ýerlerinde tekrarlap ýörler. Gyzyl saçly ullakan kellesini saňňyldadyp, ak kirpňiklerini dyngysyz gyrpyldadyp, tüňňi maňlaýynyň astyndan ullakan, gök gözlerini mölerdip durşuna türkmenleriň alyja harydy bolmalysyndan birneme artygrak çekip berýändiklerini elleri bilen pygamber haky diýip, üstüne-de birazajyk atýandyklaryny, Iwaşowyň özem kän gezekler synlapdy. Onsoňam olardan alsaň harydy arkaýyn saýlap alybermeli. Ermeniler welin beýtdiräýenoklar. Derrew eliňe kakyp, üstüňe gygyryp başlaýarlar. Özleri islän ýerlerinden çekip berýärler. Üstesine-de kem ölçäp, az çekýärler. Dawalaşyberjek bolsaňam ýüzüňi alýarlar. Özüňi utandyrýarlar. Has karam ýerem olar türkmenleriň harytlaryny gelişleri ýaly, deger-degmezine lükgeligi bilen satyn alýarlar-da, entek olar ugrap-ugramankalar bäş-on esse gymmat bahasyna satyp başlaýarlar.

Şol zatlary ilkinji gezek görende Iwaşowyň ýadyna Çekişlerde, entek harby ýörişe taýýarlyk görlüp ýörlen döwründe bolup geçen bir waka düşdi.

Şonda, ýöriş wagty ýük ulagy hökmünde ulanmak üçin, ýerli türkmenlerden düýe satyn alynýardy. Düýe ýygnamak bilen meşgul bolýan ofiserler ýeke bir golaý-goltumdaky obalary däl, hatda Eýran serhedinden başlap tä, Maňgyşlak ýarym adasyna çenli bolan aralygy elek-soky etmeli bolýardylar. Ýöne, şolaryň içinde polkownik Nawroskiden öňňesi gara nebisleriniň ugruna gidip göze-başa düşýärdiler. «Pylança düýe satyn aldyk, şunçasam ýolda öldi, galanam ine şü», diýşip, «öldi» edilen düýeleriň bahasyny öz jübülerine urýardylar. Ýa-da hiç bir derde ýaramajak hor, keselbent düýeleri arzan bahasyna satyn alyp gelýärdiler, hasabatda bolsa gurat (sagat) düýeleriň bahasyny görkezýärdiler. Her düýäniň orta hasap bilen 75-125 manada durýandygyny göz öňüne tutsaň, olaryň görýän peýdalary hele-müçik bolmaly däldi. Ýöne, basym ojagaz pirimleriniň üsti açyldy we general Lazarew olary it masgarasy edip Çekişlerden kowdy.

Nawroskiý bolsa bir säwlik bilen uly zyýana galdy. Egerde iş salşan türkmeni şeýle ynsaply bolmadyk bolsady, onda onuňam nebisjeňleriň hataryna goşulaýmagy we nähak ýere Çekişlerden kowulaýmagy ahmaldy.

Onuň öň getiren düýeleriniňem, şol gezekki getiren düýeleriniňem gurat düýelerdigine söz ýok. Ýöne, ol Çekişlere gelenden soň hasaplap gördi welin, bir müňe golaý kümüş puly kem çykdy. Bu bolsa takmynan on düýäniň bahasyna deňdi. Ol şonça puly nirede, kime, nädip giderendigini bilmän kösendi. Polkownigiň arassa adamdygyna hemmeleriň gözi ýetip duranam bolsa, ol ýa-ha şol gideren puluny tapaýmalydy, ýa-da jübüsinden töläýmelidi.

Şeýdip, näderini bilmän aljyrap ýörkä, bir gün günortanlar lagerde ýaldyrap duran ýylçyr, tegelek gara ýüzi, ýaňy bir ýygyrt atyp ugran, orta boýly, dolmuş, petreşip duran bäbenekleri hanasyndan patlap çykaýarly hem howsalaly görünýän, aýagy agy giň gök balakly, howanyň yssydygyna garamazdan ak biz köýneginiň

üstünden köneräk çalymtyl ýektaý geýnen, zandy şeýlemi ýa ýolda gaty sürlip ýadapmy, ýaltarak görünýän dor ýabyly bir türkmen geldi. Gytygrak goňur telpegini bir çekgä taşlap, syrtynam eýere gyşyk goýup oturşyna ol ýüzünden akýan deri ýetişibildiginden ýeňi bilen süpürýärdi, ýabysyny gamçylap toplum-toplum bolup duran soldatlaryň ýanyna, çadyrlaryň, ofiserler üçin gurlan gara öýleriň gapysyna barýardy, ellerini hereketlerdirip bir zatlar diýýärdi, jübüsinden pully haltajygyny çykaryp olara görkezýärdi, «birbilut... ebser... bolköýnek... rubyl...» diýip, şol bir diýýän sözlerini dyngysyzlyk bilen gaýtalaýardy. Arasynda: «Eýesini tapyň how şu puluň, ýogsam men gijelrine ýatyp bilemok, agşamam çirim etmän çykdym...» diýip, türkmençeleýärdi. Ahyram meýletinçi dagystanlylaryň içinden türki dilde gepleýäni tapyldy-da, ony Nawroskiniň ýanyna eltdi. Polkownik oňa gözi düşenden tanady. Ylgap gelip gujaklady. «Spasibo bratok» diýip, gözüne ýaş aýlady. Ony oturdyp çaý-nahar berjek boldy. Emma derden ýaňa öl-myžžyk bolan ýagyrnysyndan ýük aýrylana dönen türkmen dyzynam epmedi. Iki elinem daldaladyp yza tesip barşyna gapydan durman çykdy. Saklap duran soldatyň elinden ýabysynyň jylawyny aldy. Atlandy.

 Öýe baryp arkaýyn ukymy bir alaýyn – diýibem ýabysyny gamçylap zut gitdi.

Tä, garasy ýitýänçä hemmeler onuň yzyndan haýran galmak bilen garap durdular. Şol gije tä, ýerlerine geçip ýatýançalar soldatlaryň barysynyň gürrüňi şol türkmen barada boldy.

Dogry, şol döwürde türkmenleriň arasynda-da gözboýagçylyk etjek bolýanlary tapyldy. Ýagny, satyn alynman, gündelik hak töläp, wagtlaýynça ulanylýan düýelerem bardy. Şertleşik boýunça bardy-geldi şol düýeleriň biri öläýse, hökümet onuň eýesine bahasyny töläp bermelidi. Ana, birdenkä şol düýeler yzly-yzyna «ölüp» başladylar. Eýeleri olary gije-girim äkidip bir ýerde bukýardylar-da, «öldi» diýip, hökümet wekillerinden pul alýardylar. Bu ýagdaýyň üsti açylansoň goşun ýolbaşçylary düýe eýelerinden ölen düýäniň guýrugyny getirip görkezmekligi talap etdiler. Ýöne, bu-da oňyn netije bermedi. Düýe eýeleri diri düýeleriniň guýrugyny kesip getirýärdiler-de, ofiserlere tabşyryp, bahasyny jantaýlaryna urýardylar. Ala-böle kireýine alnan düýeleriň beýdip, yzly-yzyna «ölüp» durmagynyň göz-görtele boljakdygyny bilselerem soňabaka Çekişlerden uzak bolmadyk Esenguly obasynyň bazaryndan guýruk satyn alyp başladylar. Başda ermeni aşpezleri düýe guýrugyndan ors baýarlary üçin üýtgeşik tagam taýýarlaýandyrlar öýden Esengulylylar nämäniň nämedigine düşünenlerinden soň guýrugynyň bahasyny ur-tut gymmatlatdylar. Elbetde, bu pirimiňem üsti açyldy. Ýöne, bir bellemeli zat şolar ýaly hapa söwda baş goşanlary ýeke bir ors baýarlary däl, türkmenleriň özlerem berk ýazgardylar. Aksakgallar ýygnanyşyp, aldap alan

pullaryny yzyna tabşyrmaga obadaşlaryny mejbur etdiler. Eýýämhaçan puluny «üwemäge» ýetişenler bolsa, deregine düýelerini getirip tabşyrdylar. Guýruksyz düýe getirenlerem boldy. Ýöne, tanapa iltäp tirkege goşara guýrugy ýokdugy sebäpli olary barybir ýöriş wagty kerwene goşup bilmediler, ýa-da iň yzyna tirkemeli boldular.

Çekişlerde bolup geçen şol wakalar bilen, Çatda, öz gözleriniň öňünde bolup duran hadysalary deňeşdirmek bilen hatardaky esger Aleksandr Iwaşow, türkmenler umuman alanyňda, dogruçyl, ynsaply, ynanjaň, hatda hilegärlik, mekirlik edenlerinde-de iňňän sadalyk, gönümellik bilen edýän, ýüzüňe ýalandan ýylgyrmany, güni üçin ýüzüňe öwmäni başarmaýan, günäsiniň üsti açylansoňam özüni aklamak üçin jögüsiräp, bihaýalyk bilen nadarlyga ýüz urubermeýän mert halk diýen netijä geldi. Şonuň üçinem, ol türkmenleriň medenýetsiz halk bolandyklary üçin boýun egdiriljek bolunýandygy baradaky Çekişlerde edilen jedelli gürrüňlere garaýşy büs-bütin üýtgedi. «Eýsemde bolsa sowatsyzlyk bilen medeniýetsizlik, ylym bilen akyl bir zatmyka, diýip, öz-özüne sorag berdi. Jogabynam özi berdi. «Bular ýaly ynsaply halka diňe çarwalygy ýa sowatsyzlygy üçin medenýetsiz diýip bolmaz. Ynsap ýok ýerinde ylym hiç zat. Ynsapsyz adamyň elindüki ylym islendik wagty sowuk ýaraga öwrülip biler. Ylym haýsydyr bir adamyň ýa halkyň sowatlylyk derejesini kesgitläp biler, ýöne, onuň akyl we medenýetlilik derejesini kesgitläp bilmez. Akyllylygyň we medenýetliligiň derejesi sowat bilen däl-de, ynsap bilen kesgitlenýär. Çünki, ylym bilen akyl bir zat däl. Akylly adam ylymsyz bolup biler», şunň ýaly-da ylymly adam akylsyz bolup biler.

Şu zatlary oýunda aýlap, Çat berkitmesini synlap duran soldat Aleksandr Iwaşow şondan soň ýagdaý bilen ýakyndan tanyşmak üçin, keselhana tarap ugrady. Emma ol ýere ýetip-ýetmänkä gabat gelen jarjagazdan geçjek wagty gözüniň gören zatlary ony ylyili bilen ögäp, özüni çiňarkan zyňmaga mejbur etdi, çünki, jaryň içi huruşlyk üçin öldürilen ululy-kiçili mallaryň iç goşlaryndan, arassalanmadyk kelle-aýaklardan, süňk-saňklardan doludy. Şol nejasatlaryň üstünde «wag» berýän, burny ýaşyl, ullakan gara siňekleriň aram-aram düşelgä baryp, soldatlar bilen bileje naharlanyp gaýtýandyklaryny nazara alsaň, keselhana düşenleriň näme üçin sagalyp gidibermeýändikleriniň sebäbi öz-özünden düşnükli bolup galýar.

Ögäp-ögäp halys ysgyndan düşen Iwaşow: «Ine saňa gerek bolsa medenýetlilik» diýdi-de, özüni zordan berkitmä atdy. Barşy ýalam çadyryna sümüldi. Çurkin bilen çaý gaýnadyp içdi. Gören nejasatlaryny göz öňünden aýyrjak bolup, onuň bilen her hili ünsi sowujy mesaýy gürrüňler etdi. Emma bolmady. Hapaçylyk göz öňünden-ä bir aýrylmady, üstesine myrtar ysy hem beýnisiniň içinde iki ýana kowsarlap, ýüregini bulady durdy.

Üstesine çaýyňam weji ýok. Çaýnak wagty içine limonjagaz ýa başga bir miwe kislotajygyny, gantjagaz atyp içseň-ä suwuň tagamy oňuşmazça däl, onda suwuň ýerjimek ýakymsyz ysy agzyňa bildiribem duranok. Owurtlapjyk içibermeli. Sowap başladygy welin, aňryň bäriňe geliberýär. Şeýle-de bolsa soldatlar onsuz oňubilenoklar. Içýärler. Onda-da heziller edip, işdämenlik bilen içýärler. Iwaşow bilen Çurkinem şolaryň biri. Onsoňam arasy bilen garaz çaý ýa ýene bir zat içmeseň gürrüňçiligiň gyzygam bolanok.

Agşamyň düşmegi bilen salkynam düşdi. Lageriň içinde gaýda-gaýmalaşyk başlandy. Esasanam dagystanlylaryň telärleriniň aşagyndan çykýan goh güýjedi. Töwereginde ot ýandy. Oduň başynda tans edildi, aýdym aýdyldy. Ors soldatlaryndanam olara goşulanlary boldy. Hatda Iwaşowam bir salym olary daşlaryndan synlap gaýtdy. Gelibem ýatdy. Ýöne, rahat uklap bilmedi. Uzynly gijäni agzyny tutup, ögäp geçirdi.

## 9. Ant.

Bellenen güni oba hanlarynyň hemmesi öz adamlary bilen entek gurlupgutarylmadyk galanyň içine ýygnandylar. Gurbanmyrat işanyň aýdyşy ýaly adamlaryň sany uçursyz köp boldy.

Han-begleriň, ekabyrlaryň topar tutup duran ýeri bolan Diňlidepäniň üstünde yslamyň ýaşyl tugy dikildi. Halkam ýüzüni kybla tutup şol depäniň töweregine ýarym halka görnüşinde aýlandy. Garabatyr, Jyýky batyr we beýleki ýaş batyrlar depäniň eteginde, halkyň öň hatarynda han-begleriň golaýynda durlar. Ruhy batyram öz ýigitleri bilen bir çetde dur. Aýal-gyzlar erkek adamlaryň daşyna gaýma bolup gaýaldylar.

Şol gaýmanyň ortarasynda goçak keşdä meňzäp Enehakyda dur. Ol nazary bilen märekäniň içinden Ahallyny gözleýär. Ýaş batyrlaryň arka tarapynda, öz obadaşlarynyň arasynda duran Ahallynyňam nazary ony gözleýär. Ine-de iki göreç sataşdy. Biri-birinden ep-esli aralykda duran iki göwräniň, ikisem bir demde tisgindi. Oňa çenlem depäniň üstünden Berdimyrat hanyň:

— Adamlar! – diýen ýakymly sesi eşidildi. Hemmeleriň ünsi şol tarapa gönükdi. Gowur ýatdy. Han märekä täze hyruç bilen ýüzlendi.

— Hemmäňiz bilýäňiz, dagyň içi bilen ýagy ýetip gelýä. Biziň öňümizde şolar bilen uruşmalymy ýa boýun bolmalymy, diýen sowal dur. Şol sowal ýaşulylaryň maslahatynda çözülmän galdy. Pikir ikä bölündi. Indi söz sizden. Ýöne, geňeşe başlamazdan öň halka hakyda eşitdirmeklik makul bilindi. Şonuň üçinem, şu ýere Hakyda mollany çagyrdyk. Bu topragyuň üstünde bizden öň

nämeler bolup geçipdir? Biz mundan öň nirelerde kül döküpdiris? Güýjüne, kuwwatyna garamazdan üstümize sürnüp gelýän ýagy bilen jan dalaşyna girmäge, şu topragy goramaga hakymyz barmy? Ýokmy? Borjumyz nähili? Duşmana taşlap gaçyp gidiberer ýaly biziň başga ýurdumyz barmy? Şeýtmeklik bize uslypmy? Şu topragyň üstünde ölmelem bolsa biz taýýar diýýänleriňki dogrumy ýa ýagy bilen ylalaşalyň, ýurdy bereliň diýýänleriňki dogrumy. Ýa olaryň ikisiniňkem ters bolup aralykda bir ýol barmy? Ine, şu zatlary Hakyda mollanyň berjek taryhy teswirleriniň üsti bilen aýyl-saýyl etmegiňizi, ölçerip-döküp bir netijä gelmegiňizi haýyş edýän... siz şuňa razymysyňyz?!...

— Razy!!!..

— Biz razy!..

— Diňläliň!..

— Hakyda mollany diňläliň!..

— Şeýdeliň şony!..

Şondan soň ýüpek ýaly ýumşak, uzynak sakgaly şemalyň badyna ýaşyl baýdak bilen ugurdaş ykjap duran, irimçek göwreli, duluklary süňklek, tegelegräk ýüzli, saryýagyz börtmen gabaklarynyň üstüni büräp ýatan çal gaşlarynyň aşagyndan käte bir görnüp gidýän küleräk, ümezli, ýadaw gözleri birsyhly alyslara bakýan, tämiz hem jowur ak köýnek-balagynyň üstünden ýukajyk, gögümtil ýektaý geýnen, başy ak selleli, segsen ýaşlaryndaky, Hakyda mollany iki goltugyndan söýgetläp diýen ýaly tuguň astynda, iň bir görnükli ýerde, gyrmyzy, owadan haly üzre ýumşak düşekçäniň üstünde oturtdylar. Gapdalynda bolsa, owazy allaowarralara ýaň salýan, aýynyňky ýaly daýaw hem tagaşyksyz göwresi ebeteýsiz görünýän, eli hemişe çopanlaryňky ýaly ujy egri, ýogyn, tommaý taýakly gezýän, tutaç ýaly gaba gulaklarynyň içindäki tüýleri towlam-towlam çykyp duran, agzy opurlan ojak ýaly, çepekli aýagynyň siňirdir-damarlary oklaw ýaly, üstesine-de garagäz görünýän, Ahalyň iň güýçli jarçysy Garasähet jarçyny dik duruzdylar. Ol Hakyda mollanyň öz halyna görä aýtjak sözlerini sesiniň ýetdiginden gygyryp halka ýetirmelidi.

Hakyda molla öňi bilen doga okady. Özem howlukman, ýuwaşjadan okady. Elini ýüzüne syldy. Ekabyrlaram şeýtdiler. Garasähet jarçam şeýtdi. Märeke-de şony gaýtalady. Hakyda molla şondan soňam boýnuny sag tarapa gyşardyp, hamala sanaýan ýaly, nazaryny köpçülige dikip, sessiz-üýnsiz kän oturdy. Ahyram ysgynsyz, gyryljak sesi bilen:

— Halaýyk! – diýdi. Onuň diýseň pessaý çykan sözüni Garasähet jarçy özüniň surnaý dek ýiti sesi bilen şol demde halka ýetirdi. Şondan soň onuň bokurdagyndan çykýa hakyda kyssasy söm-saýak bolup duran märekäniň edil, gök gübürdän ýaly bolup geçdi-de, galanyň diwarlarynyň kemter ýerlerinden,

gädiklerinden zowwam çykyp, gaýrada Garagumuň güne goýdük bolan gerişlerine, ilerde Köpetdagyň ýylçyr daşlardan bina bolan gatbar-gatbar gaýalaryna çabrady. Janhowluna çar tarapa urunýan apy ýylan dek ol ýerdenem «hüwläp» göterildi-de, birmeýdan asman gümmeziniň aşagynda köwsarlady. Soňam baryp arşyň gök çüýşesine sanjyldy. Şol ýerde-de ol dört bölündi we her bölegi älemiň bir künjüne tarap rowana boldy.

— Ýandakdan pes, dagdan belent,
Boldy türkmeniň ahwaly
Aýak astynda oba-kent
Oldy türkmeniň düýp ýoly.

Bu goşgyny märeke bir gulaga öwrülip diňledi. Indi hakydany hamala Hakyda molla däl-de, Garasähet jarçynyň özi aýdýan ýalydy. Ol eýýäm köpçüligi özüne çekipdi.

— Ine, şahyr Şeýdaýy mäne diýipdir? Ýogsa-da, ol näme üçin beýle diýipdir. Munuň sebäbi, türkmeniň geçmişde görmedik güni ýok. Onuň ykbalynyň dag deý ýokary göterilen döwürlerem bolupdyr, ýandak deý peselen pursatlaram bolupdyr. Ýöne, ol hiç haçan şu topragy hiç kime bermändir. Hiç kime basgylatmandyr. Şonuň üçinem müňlerçe ýyl öňe süýşüp seretseňem, şu toprak seniňkidir, eý, jemagat! Şahasynyň köp bolşy ýaly, türkmeniň hakydasam köpdür. Her şahasy bir hakydadyr. Her hakydasy bir şahadyr. Şol şahalar taryhyň gatlarynda bir-birine gaty kän gezekler golaýlaşandyrlar, çatlyşandyrlar, şonça gezeklerem aýrylyşandyrlar. Ýöne, hiç haçan köklerinden daşlaşan däldirler – Hakyda molla hiç kim görmeýän hem bolsa sag eliniň süýem barmagynyň ujuny ýere dürtdi. – Köküň bolsa ine, şu topragyň astyndadyr. Sen öz köküň üstünde duransyň. Garagum çöli, Köpetdagyň güneý ýüzi, Hazar deňziniň Gün dogmuş tarapy, Balkan degreleri, Ahal düzi, Türkmensähra, Margiana, Sarahs, Pendi, Şeýhi-Jüneýit, Üstýurt, Maňgyşlak – bularyň bary seniň sallançagyňdyr. Amyderýa, Murgap, Tejen derýasy, Etrek, Sumbar, Mäne çaýy-seniň akabalaryňdyr. Şu topragyň her daban ýeri üçin, sen ata-babalaryň öňünde-de, indiki nesilleriň öňünde-de jogapkärsiň. Ähli türki taýpalar seniň dar garynda depişen ganybir garyndaşlaryňdyr. Ondanam aňryk ätleseň olar bilen «tur» bolup Turanda tapyşarsyň. Ana, şol, gadymy Turan hem seniň şu günki mesgeniňdir. Türküstandyr. Turan – bu turlaryň ýurydyr. Tur bolsa öküzdir, ýagny, oguzdyr. Türkmen sözüniň, şol sanda türk sözüniňem asly turdyr. Turlaryň şasy Peşeň ogly Tüňňi alp är külli türki halklarynyň, şol sanda seniňem ataňdyr. Köne kitaplarda, hususan-da Ferdöwsiniň «Şanamasynda» onuň ady – Efrasyýapdyr. Bu barada otparazçylyk dininiň mukaddes kitaby Awesta hem gürrüň berýär... – Garasähet jarçy az-kem dymdy. Çünki, Hakyda molla özüni raslamak üçin diline aram berdi.

Ýöne, köp garaşdyrmady. – Tüňňi alp ärden soň seniň düýbüň, dabanyň-daýanjyň Oguz handyr. Allatagalla Oguz hana ýalawaçlyk derejesini beripdir we ol hersi bir ynanja – Aýa, Güne, Ýyldyza, Deňize, Daga, Göge uýup ýören dürli oguz taýpalaryny bir Hudaýa – Gök taňra, ýagny, Asmana uýduryp yslamdanam, isaýyçylykdanam, musaýyçylykdanam, butparazçylykdanam müňlerçe ýyl ozal bu dünýä bir hudaýlylyk dinini getiripdir. – Hakyda molla gapdalynda duran daş käseden bir owurt suw içdi. – Ondan bärde gylyjyna söýenip Salyr Gazan soltan durandyr. Tüňňi alp ärden, Oguz handan soň seniň arkaň şoldur. Tüňňi aly är umumy turlaryň, Oguz han umumy oguzlaryň aňyrsy bolsa, Salyr Gazan şu günki türkmen adyny göterip ýören dagynyk, taýpalaryň aňyrsydyr. Ol mundan takmynan müň ýyl çemesi ozal, oguzlaryň iň soňky üýşen ýerleri bolan Gazygurt, Garajyk daglarynyň degrelerinde, Syr suwunyň aşak akymlarynda ýaşap geçendir. Gorkut ata onuň weziridir, ýakyn maslahatçysydyr. Ol Salyr Gazandan öňem Düýeli Kaýy, Ynal Ýawy han ýaly oguz şalaryna wezirlik eden ýaşulydyr. Ol Salyr Gazan hakynda bize Dädem Gorkut» atly kitap galdyryp gidendir. Şol hakyda görä, Salyr Gazan özüniň edermen oguz ýigitleri bilen şol wagtky ýaşap ýören topragyny tabgaçlardan, gäwürlerden, bejenelerden gorandyr. Türk kaganlygyndan soň dagan oguz taýpalaryny bir ýere jemlemek oguz döwletini gaýtadan dikeltmek, üçin köp işler bitirilendir. Oguzlary yslam dinine salanam şoldur. Gazan han gaýdyş edip, är meýdanyna seljuk soltanlary gelenden soý sen ýene-de gadymy mekanyňa – Turana, ýagny, Türküstana dolanyp gelensiň. Köneürgençde, Maryda, Sarahsda, Nusaýda, Abywertde Dehistan düzlüklerinde azym-azym binalar, galalar, şäherler guransyň. – Hakyda ýene-de molla suw owurtlady. Aýtjak sözlerini ýadyna saljak bolýan ýaly ýuwaşlyk bilen başyny galdyrybam: ─ Gaznaly Mahmut şanyň ogly Mesgut şanyň sütemkär döwletini dargadan seljuk ogullary Togrul begiň hem-de Çagryl begiň yzyna düşüp, kowumdaş taýpalaryň köpüsi bilen Rum sary ylgap edensiň. Olardan galan kowumlaryňam köpüsi Çingiz hanyň zulmundan gaçyp şol ýerlere aşandyrlar. Ýurduny mongollara taşlap ümdüzine gaçan towşanýürek Muhammet şanyň ogly, Horezmiň iň soňky soltany Jelaleddin özüniň edermen ýigitler bilen, tagtlaryndan taýdyrylyp, köşklerinden kowulanlaryndan soňam duşmana boýun bolman, ençeme ýyllap basybalyjylar bilen gaça uruş edip gezendir. Şol gerçegiň wepadyndan soň şu toprak solansyz galandyr. Asly bir bolan türki taýpalar biri-birlerinden jyda düşüp, başga-başga halkyýetlere öwrülendirler. Senem şolaryň birisiň. Ýüregiň bilen aglasaň olar bu gün seniň sesiňe ses goşarlar. Kömege gelerler. Seniň bu günki iň uly betbagtçylygyň bolsa, bir bitewi döwlet gurubilmän heriň bir derede elewräp ýörenligiňdir. Hut şonuň üçinem sen ejiz towşansyň we öňýeten aç böri seni tutup iýjekdir. Başyňy gemirjeldir. Ak patyşa-da seni ýeke, ejiz görüp gelýändir. Dagynyklygyňdan peýdalanýandyr. ─ Hakyda molla uludan demini

aldy. Sag eliniň aýasyny ýüregine goýup ýüzüni çytdy. – Her niçik hem bolsa öz topragyňy goramaga ygtyýarlysyň, ýöne, ýagdaýa görä bolmana-da hakyň bardyr. Edil topragy goraýşyň ýaly, bala-çagalaryňam, aýal-ebtatlaryňam bela-beterlerden, ýerliksiz ýitgilerden goramalysyň, duşmanyň gözüne towşan deý ejiz görünýän hem bolsaň, seniň aslyň gurtdur, onda-da çöl gurdudyr. Boz gurdyr. Boz gurt hiç haçan, hiç kime boýun bolýan däldir. Boýun bolan güni onuň gurtlugy gutarýandyr. Şondan soň onuň syňragyndan sim geçirseňem sesini çykarýan däldir... – Hakyda molla: «Men-ä indi sözümi tamamlaýjak» diýýän manyda, röwşeni öňküsindenem öçeňkirlän gözlerini ekabyrlara dikdi. Berdimyrat handyr Gurbanmyrat işan dagy onuň ýadandygyny aňdylar we gol gowşuryp duruşlaryna makullaýjylyk bilen baş atdylar. Hakyda molla ähli güýjüni jemläp iň soňky sözlerini aýtdy. – Men saňa hakydany gürrüň berdim, jemagat, kimligiňi aýtdym. Aslyňy salgy berdim. Çözgüdini özüň tap. Men ýol salgy berip bilemok. Men hakyda. Men bolan işi bilýän, boljak işi bilemok.

Hakyda molla dymdy. Häliden bäri bir gulaga öwrülip duran mähelle kiçeňräk kölçe deý adaja tolkun atdy. Onda-munda gümür-ýamyr eşidildi. Ýöne, gowur, şowhun bolmady. Ýaşyl tuguň pasyrdysy welin häliden bäri Hakyda mollanyň sözüni tamamlaryna garaşyp duran ýaly gitdigiçe güýçlendi.

Berdimyrat han bir ädim öňe çykdy. Donunyň syýlaryny, tirme guşagynyň ujuny şemala galgadyp durşuna batly ses bilen halaýyga ýüzlendi.

– Eşitdiňizmi, adamlar?

– Eşitdik, eşitdik!..

– Siz häzir gysgaça umumy türki-türkmen hakydasyny diňlediňiz. Bolaýmagy mümkin bolan urşuň ors-teke urşy boljakdygyna görä, biz ýaşulylar bilen maslahatlaşyp şu ýerde size aýratynlykda teke hakydasyny eşitdirmekligi hem. Ýöne... – Ol Hakyda molla tarap ynjyly seretdi. – Ýöne, sözüni dowam etdirden molla aganyň ýagdaýy pesräk. Ýarawsyz... Şonuň üçinem ony indiki gezekleriň birine goýmaly boljak.

Hakyda molla ysgynsyz nazaryny Berdimyrat hana tarap aýlady. Nazary onuň nazaryna kaklyşandanam bir goluny galdyryp «bäri gel» diýen manyda yşarat etdi. Ýaş han iki bökende onuň ýanyna geldi. Dik duran ýerinden ýaşula tarap egildi. Kellesini bir tarapa gyşardyp gulagyny onuň agzyna golaýlatdy. Molla bir zatlar diýendenem:

–Beh, büý-ä bolaýdy asyl – diýdi-de, öňküsindenem çalasynlyk bilen atylyp öňe çykdy. Begenjinden ýaňa iki aýagynyň üstünde bökejekläp durşuna: — Adamlar! Molla aga sözüni dowam etdirmek ygtyýaryny agtygy Enehakyda berýär.

Şondan soň ol gyzlaryň arasynda uýaljyrap duran Enehakydadan atasynyň ýanyna gelmekligi haýyş etdi.

Bu çagyryş Enehakyda üçin örän duýdansyz boldy. Dogry, Hakyda mola oňa bu işi iru-giç tabşyrmalydy. Ýöne, bu gün o barada gepleşilmändi. Şeýle-de bolsa han adamy irikgä edip durmazlyk üçin gyzlaryň arasyndan sogruldy-da, eda bilen assa ýöräp Diňlidepä çykdy. Ekabyrlaryň öňünden geçip barşyna dodaklaryny çalaja gymyldadyp salam berdi. Atasynyň ýanyna baryp aşak çökdi. Pyşyrdady:

– Ata, näme diýeýin? Näme aýdaýyn? Nemeden başlaýyn?

Hakyda molla öňürti gyzyna pata berdi. Ak ýol arzuw etdi. Soň onuň maňlaýyndan öpdi.

–Teke hakydasyny aýt, gyzym. Tolgunma. Bu ýurt bähbitli işdir. Heran-haçan sen meniň ýokdugymy bildirmeli dälsiň. Özüňem gürlän wagtyň köpçülige seretmezlige çalyş.

Ilkinji gezek halkyň öňüne çykyşy bolansoň, gyz atasy «tolgunma» diýip hernäçe sargasa-da tolgunman durup bilmedi. Çünki tutuş Ahal ili onuň sözüne garaşyp durdy. Oňa çenlem Garasähet jarçy geldi-de, düýäniňki ýaly iri hem sary dişlerini somaldyp, gulaç ýaly gyp-gyzyl dilini sallap durşuna:

– Men eşider ýaly edip aýtsaň bolýa, gyzym. Halka özüm ýetirerin — diýdi.

Bu söz gyzyň göwresine gurp berdi. Kuwwatlandyrdy. Ýüregini joşdurdy. Özüniň şeýle jogapkärli hem ýurt bähbitli işiň tabşyrylandgy üçin şol pursat ol özüni bagtyýar saýdy. Boýdaşlarynyň özüne tarap boýunlaryny süýndirişip seredýändiklerini görüp hasam ekezlendi.

–Teke hakydasy boýunça-da şu topragy goramaga seniň hakyň bardyr, hormatly halaýyk – diýip, ol ýuwaşja seslendi. Şol wagtam dik-depesinde Garasähet jarçynyň ýogyn hem jaýryk-jaýryk bolup çykýan güýçli sesi ýaňlandy. Şondan soň ol tä sözüniň soňuna çenli säginmezligi ýüregine düwdi. – Ýaýylyp ýatan giň sähra ýaýran türkmen halkynyň bir şahasy bolmak bilen seňňem köküň owalebetden bäri şu topraga baglydyr. Sen hakda hakyda şeýle diýýär:

Gökdere, Çagyldyr tekäniň jaýy,
Oýukly sopuda köp gezer baýy.

Torgaýyň çömmegi, Süntüň süýrüsi,
Bezirgen jülgesi, ýeriň niresi.
Çardagly Çandybil – Kämil ýaýlasy,
Balkan dag, Garagum sansyz galasy.

Bular seniň kül döken ýerleriňdir. Ýöne, hemmesi däldir. Bir mahallar sen bu gyzgyn çölüň içinde Horezmi Eýrandan goraýan gaýym gala bolupdyň. Ýöne,

garşysyna baş göterendigiň üçin Demir agsak seni mundan dört ýüz ýyl ozal öz ýurduňdan aýryp Çyn-Maçyn serhetlerine tarap – Taklamekan atly düňle çöle sürgün edipdi. Şol ýerde sen iki asyrlap asly mekanyňdan aýry ýaşadyň. Ýöne, ýadyňdan çykarmadyň. Mundan ýüz elli ýyl öň Keýmir atamyz seni ýene-de şu ýere alyp geldi. Şondan soň sen Tejen, Üçburç, Ýolbarsly sebitlerinde, Köpetdagyň eteklerinde, Damla, Ýerbent, Kyrkguýy, Mamur, Garryçyrla, Kürtüş guýularynyň töwereklerinde suwladyň, ondanam tä, Balkan daglaryna çenli bolan aralyklara ýaýradyň. Keýmir soltandan soň ýaşulylyk Annasähet wekile, ondanam Myrat serdara geçdi. Myrat serdar mundan altmyş ýyl ozal ýogaldy. Şondan soň tä Nurberdi hana çenli, otuz ýyllap sende belli bir baş bolmady. Telim ýyl bärem Nurberdi han başlyklaýyn Mary hanlygy bilen birigip bir hanlyga öwrüldiň, döwletlilige tarap gadam goýduň. Bu örün aýgytly ädimdir. Ine, indem seniň öňüňde uly synag dur. Ony sen nähili garşy aljakdygyňy özüň çöz!...

Enehakyda sözüni tamam etdi. Ýeriden turdy. «Gidibereýinmi» diýen manydaky soragly nazaryny ýeň astyndan Berdimyrat hana dikdi. Han oňa düşündi. «Ötägit, jigim», diýen manyda o-da başyny atdy. Hakyda molla agtygynyň elini iki aýasynyň arasyna salyp: «Berekella gyzym, senden tamamam şeýledi, bar indi gidiber, galanyny öýde gürleşeris, – diýdi.

Enehakyda muňa diýseň begendi. Özüni hoşwagt, bagtyýar duýdy. Diňlidepeden aşak düşende ol ýerläp uçup barýan gök kepderä meňzedi.

Bokurdagy gyrylara gelen Garasähet jarçam Enehakyda gidenden soň her ýerden bir basyp, taýagynyň ujy bilen ýeri dürtgiläp bir gyra çekildi. Kerimberdi işan bilen Gurbanmyrat işan ikisi özara hümürdeşdiler. Gyssagara bir zatlary maslahatlaşdylar. Gönübek bir gyra çekildi-de, çilimine ňapyşdy. Bir ýerden bir eli dutarly, beýleki eli bilenem howany sermeläp Ahalyň atly bagşylarynyň biri Kör kepele geldi. Elinden tutup onam Diňlidepä çykardylar. Ekabyrlaryň ýanyna eltdiler. Berdimyrat han ony eltip Hakyda mollanyň ýanynda oturtdy. Öňki duran ýerine gelibem märekä ýüzlendi.

– Ine, adamlar! Teke hakydasynam diňlediňiz! Indi söz sizden. Uruşmalymy ýa ýok? Siz nähili çözgüde gelseňiz şol hem bolar! Sebäbi, maslahat köpçüligiň gelen netijesine tabyn bolmaklygy karar etdi.

Garabatyr bilen egin deňläp duran Jyýky batyr gylyjyny bulaýlap çasly gygyrdy.

Şondan soň Berdimyrat han orslar bilen ylalaşyga gelmek barada hem pikiriň bardygyny märekä mälim etdi.

– Biziň hakyda taryhyna mongollardan gorkan Horezm şasy Muhammet şa ýaly masgaraçylykly suratda giresimiz gelenok! Biziňemöz ata-babalarymyz ýaly ýurdy ine, şu egri gylyç bilen gorasymyz gelňü.

Jyýky batyryň töweregini gallaşyp duran ýigitleriň barysy birden seslendi.

— Kim ylalaşyga gelmeli diýýän bolsa ýurtdan çykaryp kowmak gerek!

— Kowmaly däl, atmaly!

— Ýok, görene göz edip asmaly.

— Olar dönükler!

— Haýynlar!

— Biz olaryň kimlerdigini bilýäs!

Berdimyrat han ýüzüni aýgytly sypata getirip sag goluny galdyrdy.

— Ýigitler! Siz ýeke özüňiz märekäň adyndan gürläp durmaň. Goý, olaram öz sözlerini aýtsynlar.

Jyýky batyr dogumyna bäs gelip bilmän, iki ädim öňe süýşdi-de märekä gazaply garady.

— Han dogry aýdýar, adamlar! Siziň öz sözüňizi aýtmagyňyz gerek. Ýöne, öňürti meniň ylalaşyga gelmek baradaky pikire aýdyňlyk girizesim gelýä. Şol pikiri öňe sürýän adamlar, belki özüňizem bilýänsiňiz, orslar bilen öňdenem dost. Şonuň üçinem, olaryň ýitirýän zatlary ýok. Ýeňsegem, ýeňilsegem, uruşsagam, uruşmasamam olaryň ýene-de şol, öňki hanlyklary, öňki beglikleri bolar. Yslamy araga, şeraba satjaklaram, orslar bilen oturyp doňuz etini iýjeklerem, öz halkyny olar bilen bilelikde ezjeklerem şolardyr. Biziň welin hiç kime-de gul bolasymyz gelenok. Biz erkana halk! Erkanalygymyza-da galasymyz gelýä. Siz maňa dogry düşündiňizmi adamlar!..

— Düşündik!

— Bek düşündik.

— Sen dogry aýdýaň, Jyýky batyr!

Garabatyr Jyýky batyry bir çete çekdi-de, bir elini galdyryp märekä ýüzlendi.

— Han sizden öz sözüňizi aýtmagyňyzy haýyş edýä, adamlar!

Bu gezek şowhun märekäniň içinden çykdy. Jyýky batyryň hyjuwly sözlerinden ýaňa kalplary heýjana gelen köpçülik joşgunly gygyrdy.

— Biziň pikirimizem şol! Uruşmaly!

— Duşmana boýun egmeli däl!

— Biz öz ýurdumyzy hiç kime bermeris!

Garabatyr bilen Jyýky batyryň arkasynda höwre gelen at ňaly horguryp duran burny örküçli, nazarynyň şol örküje büdreýändigi üçin birine seretjek bolanda ýüzüni düýbünden ters tarap sowup, örküç üzre gyýalap, gözlerini agdar-düňder edip garaýan ýokarky dişleri öňe çykyp, aşagy dodagyny basyp duran, sähelçe gymylda-sa buýralary seçelenip gidýän tegelegräk, gara telpekli, ak ezýaka

köýneginiň üstünden täp-täzeje gyrmyzy don geýen, gödeňsi, ullakan elleriniň arka ýüzi goşa siňňilli Garly gaýşak atly bir ýigit ätmerläp öňe çykdy-da, endigine görä gaýşarylybraga-da, ekabyrlara tarap barmagyny çommaltdy.

– Öňürti hälki dönükli meseläni bir, bir ýüzli edeliňle-how, adamlar... – diýende emniniň sag tarapy ep-esli aşak gaýtdy. Agzyndan tüýkülik syçrady. Jyýky batyr maňlaýyna ýelmeşen tüýkülik syçryntgylaryny ýeňi bilen süpürýp durşuna: «Häziiräk bolsana how», diýýän manyda oňa tarap alarylyp seretdi. Garly gaýşak welin oňa ünsem bermedi. Gitdigiçe-de gyzdy. – Olar asla ýeke-de däldirler. Başga-da ýaranlary bardyr. Şonuň üçinem uruş wagty içalylyk edip ýeňişe päsgel bermezleri ýaly, şolaryň baryny şu wagtdan jezalandyrmak gerek.

Ýaş batyrlar munam alyp göterdiler.

– Hak söz! Barysyny gylyçdan geçirmeli!

– Şeýdip öz içimizi arassalammasak duşmany ýeňip bilmeris.

– Ýeke özlerini ýa ýaranlaryny däl, ilen-çalanlarynam «kyhlamaly».

– Obalarynam otlamaly!

– Öňürti otlap onsoň talamaly.

– Ýok, öňürti talap, soň otlamaly.

– Tozdurmaly!

– Ýumurmaly!

Kerimberdi işan eýýämhaçan gahardan ýaňa titräp ugran Dykma serdara, çymgyzyl bolup duran Orazmämmet hana, tolgunmakdan ýaňa dyngysyz tirpildeýän gabaklaryny sallap dikejegine oturan Hanmämmet atalyga tarap nazaryny aýlady. Hersiniň ýanyna baryp ýuwaşlyk bilen:

– Giň boluň, adamlar, gaýrat ediň, olar bilen deň bolmaň – diýdi. Soň ol otlukly nazaryny dyzmaç ýigitlere tarap aýlady. – Biderek gürrüňleriňizi goýuň, oglanlar. Biz halky bu ýere biri-birimize yrsaramak çagyramyzok, maslahata çagyrdyk. Eýsem biz şeýle pikiriňem bardygyny aýtmak üçin halky şu ýere ýygnamadykmy näme? Siz öz pikiriňizi öňki maslahatda aýtdyňyzmy, goý, bu gezek öz pikirini halkyň özi aýtsyn. Siz onuň agzyna söz salyp bermäň. Asla goşulmaňam.

Märeke tolkun atdy.

– Biz öz sözümizi aýdýas!

– Biziňki şol bir söz!

– Uruşmaly diýdikmi, uruşmak gerek!

– Uruşarysam.

– Orslary Ahala goýbermeris.

– Bu adamlarda başga gep ýok...

– Bolubam bilmez!

– Gürrüň gutardy!

Bu sözleri aýdýanlaryňam köpüsi, elbetde, gylyçlarynyň gynyny gysymlaşyp duran dyzmaç ýaşlardy. Köpçülik gowur edýärdi, emma hiç biri öňe saýlanaga-da, takyk bir zat diýmeýärdi. Şonuň üçinem, Gurbanmyrat işan olaryň bu boluşlaryny razylygyň alamaty hökmünde kabul etdi. Ol ýeňiljek ädimler bilen ýuwaşja ýöräp Berdimyrat hanyň ýanyna geldi.

– Birinji mesele-hä çözüläýdi öýdýän. Indi ikinjisine geçäý.

Berdimyrat han:

– Işimizi çig etmäliň, işan aga – diýdi-de, ätiýaç üçin ýene bir gezek köpçülige ýüzlendi. – Hemmäňiz şol pikirdemisiňiz, adamlar? Başga zat aýtjagyňyz ýokmy? – Ýene şol sözlerini gaýtalanlaryndan soň, han elini ýokary göterip märekäni köşeşdirdi. Şol bir parahat görnüşi bilen sözüni dowam etdirdi. – Bolýa. Makul. Gelnen niteje şü. Uruşmaly. – Ol azajyk sesini gataltdy. – Ýöne, ýene bir mesele bar. Aksakgallaryň käbirleri, uruş wagty Ahalyň ähli ilatyny galanyň içine ýygnamaly, şeýtsek halk ähtibarly uruşar, hiç kim bala-çagasyny, maşgalasyny, öýüni taşlap gidibilmez, diýdi. Käbirleri bolsa, gala ýygnanmak duşmana kömek etmek bolar, şonuň üçinem, arkamyzy guma, Tejene, Mara diräp gaça uruş edeliň, diýdi. Siz şolaryň haýsy birine «hä» diýýäňiz.

– Gala ýygnanmaly!

– Jemlenmeseň gaçyp her kim bir ýerden çykar.

– Birinji gep makul!

–Galadan çykyp gitseň ýeňildigiň bor. Ors geler-de, galaňam, ýurduňam hiç bir gaýtawulsyz alar oturyberer.

– Dogry!

Berdimyrat han ýene-de elini göterdi.

– Bolýa! Bu mesele-de çözüldi. Indi bolsa Gurbanmyrat işany diňläň. Onuňam öz aýtjak sözi bar. – Han Gurbanmyrat işana ýüzlendi. – Aýdyberiň, işan aga.

Gurbanmyrat işanyň ýüzi nurlanyp gitdi. Ol begenjini göz arkaly paýlaşmak üçin, Kerimberdi işanyň ýüzüne seretdi. Onuň kimdir biri bilen bir zatlar barada gürleşip duranyny görübem, «dähedem-dessämläp» diýen ýaly öňe çykdy. Gol, gowşuryp durşuna gözastyndan märekä göz aýlady.

– Adamlar! – diýip, gygyranda mähellä bolan içki söýgüsi hyjuwa öwrüldi. Gözlerini ýaşartdy. Ýüzünden dökülýän mähir ýagmyr bolup ýere ýagdy. – Hak iş üçin hakyky çözgüt tapandygyňyza men begenýän. Bu, merdanalygyň, watanperwerligiň alamaty. Enşalla Alla bizlik bolar. Ol bize kömek eder. Yslamyň

ýaşyl tuguny dinibaşgalara basgylatdyrmaz. Bu uruş türkmeniň hakyda kitabyna ýene bir şöhratly sahypa bolup girer. Ýöne... – Gurbanmyrat işan ýeňiljek ardynjyrady. Agramyny ol aýagyndan bu aýagyna geçirdi. – Ýöne, uruş-uruşdyr, kynçylygam bor, ýitgem bor, köpüň içinde-de näme, batyram bolýa, gorkagam. Aýgytly pursatda kimdir biri bir ädim gaýra tesdigi işiň netijesine täsirini ýetirip bilýä... Şonuň üçinem däninim, mende bir pikir bar, ony men düýnki maslahatda-da orta atdym, köp adam goldadam, ýöne, ol işi unamadyklaram boldy. Şoň üçinem, men munam sizden sorajak. Siz näme diýseňiz şoň bilenem boljak. – Gurbanmyrat işan aşak bakyp, eýýämhaçan onda-munda tolkun atyp ugran märekäniň gowruny diňledi. Köpleriň agzyndan özýni makullaýjy, razyçylykly sözleriň çykýandygyny eşidip begendi. – Meň diýjek bolýan zadym, jemagat, neme... o zat... ýagny... duşman bilen tä, iň soňky demimize çenli söweşjekdigimize Kurany kerimden ant içmeli, «ýa alalyň, ýa öleliň» diýip, şert etmeli. Şeýtsek, gorkaklaram batyr bolmana jan ederler. Ýaralananlaram yza däl-de, öňe ýykylarlar. Kelamyllanyň gudraty imansyzlara göz görkezer. – Gurbanmyrat işan başyny buýsançly silkip, märekäniň üstaşyry alyslara garady. – Nähili görýäňiz, adamlar şu pikiri?

Köpçüligiň ortasynda duran daýaw bir kişiniň:

 Biz oňa-da razy!.. – diýmegi bilen dürli ýerden, dürli sesler çykyp başlady:

 Häziriň özünde kasam etmelem bolsa biz taýýar.

 Içmelem bolsa antam içeris!

 Şertem ederis!

 Şertimizde durarysam!

 Siz näme diýseňiz biz taýýar, işan aga!..

Gurbanmyrat işan bu gezek begenjini gizlejegem bolmady. Ol ýylgyrjaklap baryp, ortarada lowhuň üstünde duran ullakan, golýazma Kurany eline aldy.

 Adamlar! Ine, men häziriň özünde şu Kurany keremi göterip aşak düşýän. Kerimberdi işanam düşňä. Men Kurany şoň öňünde goýýan. Kimde-kim öz ýurduny, mşgalasyny iň soňky demine çenli dinibaşgalardan goramaga taýýar bolsa, Kurany kerim bilen Kerimberdi işanyň arasyndan geçip gitmeli. Geçip barýan adam Kurany kerime elini degrip, ýüzüne sylsa-da bolýa, ýöne, geçip gitse-de bolýa. Düşnüklimi, adamlar? Mesele aýdyňmy?

 Düşnükli.

 Aýdyň.

Gurbanmyrat işan boýnuny süýndürip halka täzeden ýüzlendi.

— Soragyňyz bamy?

— Ýok! Sorag ýok.

— Başlabereliňmi onda?

— Başlalyň!

— Asyl eglemäliň.

— Goý, şu gün hemme zat aýdyň bolsun.

Gurbanmyrat işan awuny gören bürgüt ýaly Kurany goltugyna aldy-da, depeden «şaglap» indi. Şonda, onuň ýukajyk gök ýektaýynyň syýlary öz badyna baýdak deý galgady. Pasyrdady. Yz ýany bilen Kerimberdi işanam düşdi. Ýaş ýigdekçeleriň biri depäniň üstündäki lowhy getirip Kerimberdi işanyň garşysynda goýdy. Gurbanmyrat işan Kurany şonuň üstünde ýerleşdirdi. Kuran bilen Kerimberdi işanyň arasynda bir adam geçer ýaly ýer galdy. Gurbanmyrat işan Kerimberdi işan bilen iki agyz söz alyşdy-da, ýene-de öňküsi ýaly syýlaryny galgadyp depä çykdy. Göwnihoşlyk bilen märekä ýüzlendi.

— Bissimilla, diýiň-de, geçiberiä, adamlar.

Göräýmäne hemme zat bolmalysy dek, barýan ýalydy. Hiç kim, hiç kime gyjuw bermeýärdi, dürtgülemeýärdi. Ýaşlaram özlerini geň galaýmaly görnüşde parahat alyp barýardylar. Ýöne, ine, Garly gaýşak birdenkä ýüzüni ters tarapa öwürdi-de, barmagyny depäniň üstünde duran han-beglere tarap çommaltdy. Eýýämhaçan sag tarapy aşak gaýyp ugran aşaky ermniniň suwuny çekip «labyr-labyr» etdi.

— Hany, öňürti urşasy gelmeýänleriň geçenini bir göreliň!...

Duýdansyz çykan bu teklip ýaňy bir yrgyldaş ugran märekäni saklady. Elhenç bir dymyşlyk döredi. Ekabyrlar biri-birleriniň ýüzüne seredişdiler. Gurbanmyrat işan: hä, bulaşdyr-ow şü»diýen manyda gyňraýlyp Garly gaýşaga tarap gaharly bakdy. Märekeden ses çykmady.

Öň gepleşen borly, Garly gaýşagyň ýaňky sözüni ara düşen az wagtlyk imisalalykdan soň onuň daş-töweregini gallaşyp duran ýaşlaryň Garabatyr bilen Jyýky batyrdan öňňesi alyp göterdi.

— Hanmämmet atalyk!..

— Orazmämmet ha-an!..

— Gulbatyr serda-ar!..

— Dykma serda-ar!..

Orazmämmet han adyny iki gezek tutdurtmady. Ol ýaýkanjyrap gelşine depeden  depeden ätmerläp düşdi-de, Kerimberdi işanyň gaşyna geldi. Kuran bilen onuň arasyndaky dar ýerden geçmezden öň başyny silkip jemagata ýüzlendi.

– Siz maňa ynanmazçylyk etdiňiz. Meniň ynsabyma,ýüregimiň päkligine betgüman bolduňyz. Şonuň üçinem, men häzir şu ikiaradan geçýän. Şeýtmekligiň ýalňyşdygyna düşünmeýändigim üçin däl-de, şoňa siziň düşünmeýändigiňiz üçin, siziň bir akmak, nadan halk ekendigiňize düşünýändigim üçin geçýän. – Orazmämmet han iki aýasyny Kuranyň üstüne goýdy, ýüzüne syldy, gaharyna bäs gelibilmän «haş-haş» edip durşuna märekä garap öňküsindenem has dabaraly gürledi. – Köpçüligiň kararyna boýun bolup, ýurdumy tä, iň soňky damja ganyma çenli gorajakdygyma kasam edýän....

Ýokardan Gurbanmyrat işanyň sesi eşidildi.

– Kasam edýän diýme, ant içýän diý, Orazmämmet, ant içýän diý!

Orazmämmet han döşüni gaýşardyp durşuna derden ýaňa çog-gyzyl bolan dolmuş ýüzüni äwmezlik bilen depä tarap öwürdi.

– Diýjek däl! – Şondan soň ol ýene bir gezek: – Kasam edňän – diýdi-de, başyny dik tutup Kerimberdi işan bilen üstünde Kurany kerim duran lowhuň aralygyndan geçip gitdi. Iki ädim ara açyp-açmanka sägindi-de, yzyna öwrülip ýene-de halka ýüzlendi. – Synag güni siz ölmäni başarsaňyz men başararyn. Gepim geçmedi, diýip bir ädimem yza tesmen. Göwnümde kine-de saklaman. Köpçüligiň gelen çözgüdi meniň üçin kanundyr. – Ol çalarak öwrüm etdi-de, Diňlidepä tarap öwrüldi. Ýöne, üstüne çykmady. Düýbüne bardy-da, çommaldy oturyberdi.

Oňa çenli aksowult, inçe ýüzi öňküdenem beter agaran Hanmämmet atalygam gözlerini howatyrly gyrpyldadyp, depeden aşak indi. Çep dulugyny tirpildedip, gözlerini gyryrjykladyp durşuna, gahardan ýaňa sesini sandyradyp gepledi.

– Atalygyňam namart ýa dönük adam däldigini men size jeň güni subut ederin. Kasam içendigim üçin däl-de, ýurdumdan, il-günümden aýry zadymyň ýokdugy üçin subut ederin. Kasamy bolsa men seniň üçin içýän. Nalaç içýän. Biziň akmak ýa dinden çykan adamlar däldigimizem, o zeýilli adamlaryň sizi şu hatarly ýola iteklenýänleriň özleridigem şol gün belli bolar. Şol gün siziň olardan jogap sorasyňyz geler, emma olaryň birinem gapdalyňyzda görmersiňiz.

Şeý diýip, Hanmämmet atalygam aralykdan ötdi. Daýaw göwresini dik tutup, süňklek omurdanlaryny taýly gezek öňe-yza omzadyp, her ýerden bir basyp gelýän Gulbatyr serdar depeden düşüberende halka garap bir elini göterdi-de, adamçyl erkek ýaly gözlerini agdar-düňder edip, bar-bar bagyrdy.

– E-eý, halaýyk! Sen aňyrsy görünmeýän kyn hem ýowuz ýola gadam basdyň. Hanmämmet atalyk ýaňy hak aýtdy: seni şu ýola iteklän adamlaryň günäsi uludyr. Ýöne, merdiň sözi iki çykmaz. Men seni goraryn. Gylyjym gädilse golum bilen, gollarym çapylsa göwräm bilen goraryn!... Ilimden –günümden aýra, Watanymdan ileri zadymyň ýokdugyny subut ederin...

Ol sözüni soňlara-da garaşman ýüzüniň ugruna aralykdan geçip gitdi. Gaýdyp depä-de çykmady. Özüniň köpçüligiň içine urdy-da, gürüm-jürüm boldy. Şondan birnäçe gün soň, ony şol halda gören adamlar: «Gulbatyr serdar şonda märekeden saýlanyp diwaryň düýbüne bardy-da, dikejigine oturyp tä içi egsilýänçä aglady» diýip gürrüň etdiler. Olaryň aýtmagyna görä, Gulbatyr serdar doly içini egisenden soň ýerinden turupdyr, bärsine öwrülipdir we halka seredip elhenç bir gülüpdir. Onuň ol gülküsi adamlaryň gulagyna agydanam has aýylganç eşidilipdir.

 Ine, menem geçýän – diýip, Gulbatyr serdaryň yz ýany ýaraly ýolbars ýaly arlap, Dykma serdaram depeden aşak indi. Gelşi ýalam Kurany kerime elini goýdy. Ýüzüne syldy. – Siziň şu günki görüp ýören abat günleriňiz bilen ertirki görjek heläkçiligiňiziň aralygynda duran şujagaz serhetden ine, menem geçýän...

Ol aralykdan geçişi ýaly Diňlidepä çykdy. Baryp öňki ýerinde durdy. Ýöne, ýüzüni ýerden galdyrmady. Berdimyrat hanyň özüne tarap eglip bir zatlar diýenini bolsa düýbünden aňşyrmadam.

Şondan soň gezek märekä ýetdi. Müňlerçe adam geňler galaýmaly tertip hem düzgün bilen, mukaddes Kuranyň hem-de Kerimberdi işanyň arasyndan ötüp, ahy-nalasy asyrlardanam uzaga çekjek elhenç gyrgynçylyga tarap ýeke-ýekeden ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp başlady.

Gurbanmyrat işan ýeňillik bilen dem aldy.

Geçişlik obama-oba amala aş yrylýardy. Her oba kowçum-kowçum bolup üýşüp durdy we hersi öz gezeginde töwella edilmezden Kerimberdi işanyň duran ýerine tarap gyrmyldap başlaýardy.

Mähelläniň ýarysyndan gowragy geçip gutarandan soň, gezek Ahallynyň obasyna ýetdi. Ol nazaryny özüni uzakdan synlyp duran Enehakydanyň sudur bolup görünýän keşbinden aýyrman, nobatyna görä aralyga tarap «dähedem-dessemläp» ugrady. Gulagynda bolsa Enehakydanyň düýn-öňňünki: «Sen ant içäýme» diýen sözi birsyhly ýaňlandy durdy. Beýnisinde gapma garşylykly pikirler iki baka at saldy: «Geçmelimi, geçmeli dälmi? Ant içmelimi, içmeli dälmi? Geçsem, ant içsem Enehakyda näme diýer? Geçmesem, içmesem il-gün näme diýer? Dykma serdar, Orazmämmet han, Hanmämmet atalyk, Gulbatyr serdar ýaly atly-abraýly adamlaryň ýüzüne «dönük», «satlyk» diýip, bilýän adamlar maňa dagy nämeler diýmezler? Olar hiç zat diýmäýenlerinde-de, bir çete çykyp durubermek meň özüme bir uslypmy? Beýtsem tohmuma-tijime, atama-eneme, düýp babama gep gelmezmi? Ysnat bolmanmy? Nalajedeýin görünmenmi? Deň-duşlarymyň ýanynda namart saýylmanmy? Bigaýratdyr öýdülmenmi? Oturylşyklardan kowulmanmy? Köpçülik meniň aýdym-sazlarymdan ýüz öwürmezmi?..» Ol ýene-de nazary bilen Enehakydany gözledi. Ol indi birneme daşlaşypdyr. Ýok, ol däl-de Ahlly ondan daşlaşypdyr. Şonuň üçinem, indi

Enehakydanyň ýüzi-gözi öňküsiçe saýgardanok. Gahar edýämi ýa makullaýamy, belli däl. Ýöne, Ahallynyň öz ýüregi bilen duýşuna görä, ol indi oňa nazary bilen, hiç zat diýenok, geçme-de diýenok. Uruşam diýenok, uruşma-da diýenok... Sebäbi öň ol aýtjagyny aýtdy.

Ine-de Ahallynyň öňünde Kerimberdi işanyň daýanykly göwresi peýda boldy. Honha-da Kurany kerim. Öňünde-de bary-ýogy üç-dört adam.

Ahallyny der basdy. Enehakyda tarap seretjek boldy, emma gabaklaryny ýerden galdyryp bilmedi...

Ine, ýaňky öňde duran dördüňem ikisi geçdi. Beýleki birem geçdi. Ýekeje adam galdy. Şo-da geçse, onsoň gezek Ahallynyňky. Ine-de aralyk... Kuran... Kerimberdi işan... Öň boş. Indi pikirlenere-de, yza gaýdara-da ýol ýok.

...Ahally aralykdan geçenden soň, agyr ädimler blen Enehakydanyň duran ýerine tarap ugrady. Emma gyz eýýäm ol ýerde ýokdy. Ahally başyny galdyryp galanyň içine göz aýlanda, Enehakyda iki sany gyz bilen galanyň günbatar diwaryna tarap gidip barýardy. Şol ýerde onuň öýi bardy.

Ruhy batyr sözünde durdy. Ant içişlige özem barmady, ýigitlerinem eltmedi. Ol olaryň hemmesini ýygnan patyşa goşunynyň geljek hem geçjek ýoluny, hereket etjek meýdanlaryny öwrenmäge gitdi.

Hiç kim oňa «geldiň» ýa «gitdiň» diýibilmedi. Diýibem bilmez. Çünki, ol Ruhy. Ruhy batyr. Ol erkin. Etjek işinem, ätjek ädiminem ol hiç kimden soramaly däl. Ol eneden şeýle doguldy, şeýleligine hem galar. Onuň ykbaly şeýle.

Ant-şert meselesi biryüzli edilenden soň, Berdimyrat hanyň haýyşy boýunça bagşy Kör kepele il-gün hem gahrymançylyk barada tä, halkyň özi «boldum» edýänçä aýdym aýtdy. Oňa Ahalyň beýleki bagşy-sazandalary hem goşuldylar. Soň şahyrlar goşgy okadylar.

Şol günüň agşamsy, Berdimyrat hanyň öýünde dowam eden özara maslahatda, ýaşulylar, kömek sorap Turkiýä , Hywa, Mara, Büjrnürde, Goçanda ýüz tutmak, golaýlap gelýän duşmanyň öňünden dört müň pyýada, iki müň sany atly goşun bilen, çykyp, ony Ahalteke serhedi bolan Bendesende garşylamaklyk karar edildi. Şeýle hem şondan on ýyl ozal, Garrygala urşunda parslardan olja alnan, häzir Änewde, duşman duýdansyz çozaýan wagty beýleki obalara duýduryş bermek maksady bilen saklanýan mis topy hem ätiýaçdan Gökdepä getirip, Diňlidepäniň üstünde, ýagynyň geljek ýoluna bakdyryp goýmaly. Top üçin guýar ýaly kimde döwük kündük, gazan ýa şoňa meňzeş zatlat bar bolsa, eltip Abdylla ussa tabşyrmaly. Hemmelere ortalyk bolar ýaly, Abdylla ussa üçin

Diňlidepäniň bir çetinde ussahana açmaly. Ahally ýaly ýaş ussalar hem hemişe onuň hyzmatynda bolmaly. Kömek bermeli. Tüpeňli adamlar därini aýawly saklamaly. Kimde artykmaç ýarag bar bolsa, wagtlaýynça ýaragsyzlara bermeli. Ýaş zenanlar, gyzlar, ýetginjek oglanlar uruş wagty ok çöplemeli, ýaralylara kömek etmeli, galanyň daşyndaky mergenlere, diwaryň üstündäki we etegindäki urşujylara çörek, suw daşamaly. Bagşy-sazandalar, şahyrlar, agşamlaryna, gündizine maý bolan wagty urşujylaryň arasynda bolup, özleriniň aýdym-sazlary, goşgulary bilen halky söweşe ruhlandyrmaly, rawylar rowaýat aýtmaly. Hakydany teswürlemeli. Halkyň ruhuny götermeli. Duşmanyň güýçlüdigi, sanynyň köpdügi baradaky gorkunç gürrüňler bilen adamlaryň gözlerini gorkuzyp, sustlaryny peseltmeli däl.

Maslahat tamamlanyberen ýaly boldam, welin, birdenkä, Gulbatyr serdar iki-baka yranjyrap oturşynabirhili çekinýän ýaly äheňde:

 Aho-ow adamlar, gumly garyndaşlara-da habar gönderäýse kem bolmazmyka diýýän – diýip, aladaly seslendi. Soňam birhili ynamsyzrak äheňde: Özler-ä öýkeliräkdirler welin...Şonda-da duýdurylsa ýagşymykan diýýän men-ä...

 Bu gaty makul gürrüň, adamlar, diýdi-de – Gurbanmyrat işan başyny ýaýkady – Şu çaka çenli hiç birimiziň ýadymyza düşmeýşini diýsene... Şondan soň ol Berdimyrat hana tabşyryk şekilindäki haýyş bilen ýüzlendi. – Sen olara adam iber, Berdimyrat. Näme diýýänlerini soň görübiris...

Gulbatyr serdaryň: «Özler-ä öýkeliräkdirler welin», diýmesiniň özüne ýetesi sebäbi bar. Ol özbaşyna bir taryh. Ýagny, heniz rslar ahala aýak basmazlaryndanam öňräk, sekizýabyň aýak uçlarynda oturan mülkaman hem-de bagaja diýen tireleriň suwy ilk-ä azaldy, kem-kemdenem kesildi. Bu ýagdaýy olar üýşüp baryp Gökdepäniň han-beglerine duýdurdylar. Olaram: «Biz siziň ýagdaýyňyza düşünýäs, ýöne bu biziň size suw beresimiziň gelmeýändigi bilen däl-de sakada oturanlaryň maşgala sanlarynyň artmagy, hojalyklaryň köpelmegi suwuň bolsa azlygy bilen bagly. Olaryň suwuny kesip size goýbereli diýsek – O-da boljak däl. Öňem hut şu sebäbe görä ilatymyzyň köp bölegi, Mänä, Gowşut, Tejen, Sarahs sebitlerine süýşdiler. Sizem görüň-dä... Biz-ä bilmedik-dä...» diýşip, sypaýyçylykly jogap berdiler.

Şondan soň Mülkaman hem-de bagaja tirelerine sessiz-üýnsiz guma çekilip, ymykly çarwaçylyk bilen meşgul bolubermekden başga alaç galmady.

Ine-de, olardan kömek soramaly wagty geldi. Haýyş bilen guma gitmeli toparyň baştutanlygyna bu teklibi orta atan Gulbatyr serdaryň özi bellendi. Oňa haýal etmän ýola düşmeklik tabşyryldy.

Elbetde, orsuň kem-kemden Ahala golaýlap gelýändiginden gumlularyň düýpgöter bihabar-a däldiler. Azyk, geýim-gejim, mal söwdasyny esasan Daşhowuz, Hywa etraplary bilen edýändiklerine garamazdan, seýregrägem bolsa, ahal bilenem aragatnaşyklary kesilmeýärdi. Esasanam gudaçylyk gatnaşyklary babatda biri-birleri bilen berk baglydylar. Şeýle-de bolsa, uruşly meseläniň şeýle jygba-jyga gelendiginden welin bihabardylar. Şonuň ýçinem, Gulbatyr serdaryň getiren habary olary gaty geňirgendirdi.

Serdar öz häsiýetine görä howlukman, däne-däne gürläp oturşyna olary ýagdaý bilen tanyşdyrdy. Han-begleriň, işan-mollalaryň haýyşyny beýan etdi.

Gumlular öz hanlarynyň  Mämetguly hanyň ýüzüne seretdiler. Gulbatyr serdar köne kinäniň orta atylaryndan maslahatyň bozularyndan, meseläniň çözülmän galaryndan ätiýaç etdi. Birbada onuň hut şol diýeni hem boldy. Çarwalaryň daşyndanam dogumly görünýän, daýanykly, kellesi togalagrak biri Mämmetguly handanam öň ýapy ýaly ýagyrnysyny ýapyrdy-da, Gulbatyr serdara tarap barmagyny çommaltdy.

 Öň biz sizden suw soradyk, bermediňiz, indem bizden gan soraýaňyzmy?

Şondan soňky ara düşen dymyşlyk öňküenem beter boldy. Gulbatyr serdar hum ýaly çişdi. Oturan ýerinde iki ýana çaýkanjyrady. Bir zatlar diýjek bolup agzyny müküldetdi.

Oňa çenlem Mämmetguly han dillendi.

 Ýok, adamlar, siziň o jogabyňyz, bolanok. Bu ýerde gürrüň Watan, daşky duşman barada barýar. Watanyň namysyny içki öýke-kineler bilen garyşdyryp bolmaz. – Soň ol Gulbatyr serdara ýüzlendi. – Baryň-da han hezretlerine-de, işan agalara-da aýdyň, biz kömege bararys. Her garry öýden bir atly – ýaragly adam ibereris. Özem biziň ýgitlerimiz bir-ä sakdyrlar, uzynly gijänem çirim etmän garawulçylyk çekip bilýändirler, birem uçursyz mergendirler uçup barýan guşuň gözünden urýandyrlar. Siz olary şol hünärleriň islendiginde ulanyp bilersiňiz...

Şonuň bilen mesele çözüldi. Gulbatyr serdar iş bitiren adam hökmünde ýeňillik bilen dem aldy.

Gumlular sözlerinde tapyldylar. Gysga wagtyň içinde her garry öýden bir atly ýaragly adamy jem edip, entek duşman gala gelip ýetişmänkä Gökdepä ugratdylar. Olara baş bolup, bagaja tiresiniň hany Mämmetguly hanyň özi gitdi.

Ant içilen gününiň ertesi Ahallyň ýüzüni sallap Enehakydalara geldi. Gyz ony sowuk garşylady. Dözümli darady.

 Sen ant içdiň. Özem näalaç içdiň. Men oňa düşünýän. Ýöne, bilip goý: şertiňde durmasaň, ýeňilen günüň ýaragyňy tabşyraga-da, duşmanyň tarapyna

geçseň, menem saňa beren wadamy yzyna gaýdyp alaryn. Ant içip, sözünde durubilmeýän adamy men özüme ömürýoldaş edinip bilmen. Oňa meniň hakym bar. Çünki, men seniň öňüňde ant içemok, şertem edemok, Kurany Kerimdenem ätlämok.

Ýerden ses çykdy, Ahallydan çykmady. Ony der basdy. Ysgyn-mydary azaldy. Özüni ýere goýberdi-de, arkasyny gara öýüň gamyşyna ýaplady. Onuň hatda eli kündükli öýden çykan Hakyda molla salam bermä ge-de mejaly ýetmedi.

## 10. Bekdepe geçidi

Goşunyň üç gün bäri goş basyp ýatan ýeri bolan Düzoluma otrýadyň general Lomakin tarapyndan baştutanlyk edilýän ştaby 1879-njy ýylyň 10-njy awgustynda geldi.

Onuň bilen bilelikde goşun komandiri general Lazerewiň ýagdaýynyň ýaramalaşandygy, arkasyna çykan çybanyň barha köpelýändigi, şonuň üçinem, onuň entek Çekişlerdenem çykmandygy baradaky habaram gelip gowuşdy. Ýöne hökman otrýadyň yzyndan ýetjekdigi, haýsydyr bir bolgusyz ýara üçin dagam döwlet ähmiýetli şeýle uly tutumdan çetde galmaklygy özüne namys bilýändigi, şonuň üçinem, özüni bejermek üçin yzyna Bakuwa gitmekden kes-kelläm boýun gaçyrandygy, şolar ýaly maslahaty berýänlere bolsa berk käýýändigi baradaky buýsançly gürrüňlerem soldatlaryň arasyna ýyldyrym çaltlygynda ýaýrady.

11-nji awgustda gelen poçta bolsa, Lazerewiň hakykatdan-da paýtunly Çekişlerden çykyp Çata gelendigi, ýöne ýarasynyň welin Çekişlerdäkisindenem has köpelip, yzasynyň artandygy dogrusyndaky habary ýaýratdy.

Bu täzelik basymrak Ahala ýetip, tekeler bilen tizden-tiz billeşmek höwesine melul bolşup barýan kazaklaryň köpüsini gam laýyna batyrdy. Bar işden ellerini sowatdy. Olar generalyň saglyk ýagdaýy zerarly ýörişiň möhleti yza tesdiriler öýdüp gorkdular. Hemmeden beter howlugyp gelýän Çurkin soňky günlerde has köp içilen sadyr hem zor sowuň döreden zerurlygy bilen baglylykda ara salym salman aýak ýoluna ylgap ýörşüne çadyryň kölegesinde içine limon kislotasy bolluk bilen atylan gyzgyn kürşgesini «üfläp» oturan Iwaşowyň gapdalyna çökdi-de:

— Eşitdiňmi, Saşok – diýip, ýüzüni çytyp aglak çaga ýaly ynjyly seslendi. Içini tutdy. «Öwhüldäp» köýnegini çykardy. Ony ýere ýazyp, üstünde arkan düşdi. Dik asmana seretdi. – Gowy habar-a däl.

Iwaşow gyzyl saçly ullakan kellesini aşak – ýokary atdy.

— Eşitdim. Ýöne, nätjek...

— Basymrak sagalarmykan-aý?

— Bilmedim-dä.

— Birden ýörişi bes edäýseler?

— Görmeli-dä.

— Aý, ýok, munça azap edilensoň bes ediläýesi ýok-la.

— Menem şeýle pikir edýän.

— Çaltrak bir Ahala ýetsedik.

Iwaşow dodaklaryny çommaltdy-da, «Hürp» etdirip,, kürüşgesindäki çaýdan çalarak owurtlady.

— Nämä, gyssanýaň, ýa ol ýerde saňa garaşyp oturan bamy?

— Sen oýun etme Saşa, men dogrudanam howlukýan.

— Näme üçin?

— Ýeňiş gazanarys, olja alarys, ordenjagaz ýa medaljagaz beräýmeklerem ahmal. Iň bir esasy zadam rus ýaragynyň şanyna şöhrat goşarys.

— Ýeňjegimize ynamyň bar-ow onda?

«Wawwaly» ýerinden tutulan Çurkin içiniň agyrysynan unudyp «zöwwe» ýerinden galdy.

— Sen henizem iki göwünli gezip ýörmiň-aý? Şolar ýaly gümürtik pikirleriňizi goýuň diýip men näçe gezek aýtdym size. Onsoňam ýeňiş bilen, döşüm ordenlije barsam Liza janam gowy garşylar. Meniň söýgülim gahryman, diýip, joralarynyň ýanynda öwüner. Gaýynlarymyň öňünde mertebäm artar. Hossarlarym bolsa daşymdan guwanarlar.

Iwaşow ullakan mawy gözlerini, giň maňlaýynyň aşagyndan mölerdip Çurkine seretdi.

— Liza diýýäniň aýalyňmy?

— Ýok, söýgülim. Biz aşyk-magşuk. Muny bütin oba bilýä. Men bardygym toý tutubermeli. Hemme zat taýýar.

— Sen-ä bagtly ekeniň.

— Weý, elbetde! A seň nňme, söýgüliň ýokmy?

— Ýok.

— Näme üçin ýok?

— Ýok-da!

— Onda-ha meň saňa nebsim agyrýa, gardaş. Söýmeýän ýürekden ýürek bolmaz. Söýmeýän adamyň kalby edil duzlanan balykdan boşan çelek ýaly kaňkap ýatandyr. – Ol Iwaşowyň özüne uzadan çaýly kürüşgesini eline aldy. Owurtlady. Agzyny bişirdi. – Eý, wäk-eý... – diýip, kürüşgäni yzyna uzatdy. – Ýöne, gam

çekme. Sen söýersiň. Sebäbi seniň ýüregiň gowy. – Çurkin dostunyň egnine kakdy. Güldi. – Belki Gökdepä baranymyzdan soň saňa bir owadan teke gyzyny alyp bereris. Hä? Toýuňam ýeňiş toýy bilen utgaşdyryp goýbäris. Ýanyň gelinli barsaň ejeňem begener.

Iwaşow «hyňk» edip ýüzüni bir tarapa sowdy.

— Ýa, senem-ä! Men ýekeje agyzam türkmençe bilemog-a.

— Söýgüde dil hökman däl. O pursatda iki ýürek gürleşýä. Galyberse-de sen sanlyja günüň içinde dil öwrenersiň. Juda bolmasa oňa ors dilini öwredersiň. Dil meselesinde oglanlara görä gyzlar kän ezberdirler.

— Ýok, gardaş, men öz Kubanymyzdan öýlenjek.

Çurkin mekirje ýylgyryp dostuna tarap barmagyny çommaltdy.

— Onda bardyr bir göz öňüne tutýanjaň.

Iwaşow «myssa» ýylgyrdy.

— Ine, muny bildiň?

Çurkin sen-men ýok, çermegini tutup ümdüzine ylgady, esli wagtdan soňam ýüzüni ak tam edip dolanyp geldi. Ýöne, indi söýgi barada sözlemedi.

Çekişlerden gaýtak wagty päki bilen düýbünden, gyrdalyp syrylan hurmaýy gyzyl saçy ýaňy bir dürterişip ugran ullakan kellesini bir tarapa gyşardyp, oturan ýerinde uka giden Iwaşowyň hyýaly bolsa bu wagt eýýäm Kuban sähralyklarynyň üstünde ganat ýaýyp ýördi. Ýap-ýaňyja, Çurkin bilen edilen gürrüňiň täsiri bilenim ýa gabat geldimi, şonda ol ilkinji gezek düýşünde özüniň gelejekki gelinligini gördi. Tanyşdyranam hiç kim däl-de, öz ejesi. Ol şo gyzyň elinden tutup getirdi-de, begençden ýaňa ýüzünden nur döküp durşuna: «Ine oglum. Şu seniň gelinligiň. Ady Maşa. Sen-ä Saşa, bu-da Maşa. Ýagny Saşa-Maşa. Ýa-da Maşa-Saşa. Edil, gündogar dessanlaryndaky ýaly. Sen sag-aman geldigiň men seni öýlendirjek. Baran ýeriňden gyz alyp gaýtmaga dagy milt edäýme...» diýdi.

Dogry, şular ýalyrak bir «göleli gürrüň» öňräk, Iwaşow entek gulluga gaýtmanka ejesi ikisiniň arasynda hakykatdan-da bolupdy. Çünki, şol gyz bir gezek goňşy obada ýaşaýan daýzasy bilen Saşalara gezmäge gelipdi. Daýzasynyň aýtmagyna görä, Maşa olaryň goňşusy ekeni-de, iňňän gowy gatnaşýan ekenler. O-da öz ýanyndan Maşany Saşa üçin niýetläp ýörite alyp gaýdan ekeni. Belli bir zat diýmedigem bolsa, Saşanyň şol gezek Maşa imrigendigine söz ýok. myhmanlar gidenden soň, ejesiniň Saşany ýanynda oturdyp, ýaňky düýşündäki ýalyrak sözleri aýdanam dogry. Hut şonuň üçinem, Çurkin bilen edilen magşukly gürrüňlerden soň ol gyz onuň düýşüne giren bolmaly.

Ýaňky Çurkine: «Ine, muny bilýäň» diýende-de, ol hut şol gyzy göz öňüne tutupdy. Aralarynda entek söýgi, durmuş gurmak barada gep-gürrüň bolmadygam

bolsa, Iwaşow öz ýanyndan Maşany gelinligi hasap edýärdi. Gaýdyp barýança özüne garaşjakdygyna, ynanýardy.

Şonuň üçin bolsa gerek, ýaňky düýşüň dowamynda ejesi sözüni tamamlara mähetdel, Maşanyň elinden tutdy-da, onuň bilen birlikde kem-kemden gaýra tesip başlady. Ep-esli ýere baranlaryndan soňam durup gollaryny bulaýladylar. Iwaşow bir seretse Maşanyň elinde ak ýaglyk bar. Gözlerinde-de, ýaş. Aýralyga dözenokmy, nämemi, Iwaşowa bakyp delmurýar, dodajyklaryny titredip bir zatlar diýjek bolýar... Muňa Saşanyňam göwni bozulýar we ulyili bilen: «Maşa-a-a-a! Ne pla-aç!..» Ýa wernu-u-u-us!.. Nepremenno wernu-us!..» diýip gygyrýar. Şeýdip gygyryp durşyna ol tisginip oýandy. «Çto?.. Maşa?.. Mama?..» diýip, daş-töweregine garanjaklady. Birdenem, hasanaklap ýerinden turdy. Negözel düýşden oýanany üçin gynandy. Erbet suwsandygyny duýubam, kürüşgesini eline alyp gaýnak suwuň ugruna çykdy.

... Öýlän sagat üçlerde ýola düşmek barada buýruk berildi. Ýöriş goýbolsun ediler öýdüp garajanlary galmadyk soldatlaryň barysy birden: «Ura-a!..» diýşip gygyryşdylar.

Çurkiniň sesi hemmeleriňkidenem çasly eşidildi.

Düzolumdan çykyp ugranlaryndan soň köp wagt geçmänkä, atly kolonna Sumbaryň çep kenaryndaky Bekdene belentligine çykdy. Ho-ol, aşakda göm-gök bolup görünýän giň jülge, towlanyp ýatan derýa, telim gün bňri tot-tozandan ýaňa gözüni açybilmän gelýän soldatlaryň göwünlerini göterdi. Ýöne, çat maňlaýlaryndaky magallaklap duran gara dagyň denirgazyk tarapyndaky eňňitden aşak inýän insizje, egrem-bugram ýola gözleri düşenden soň welin, olary ýene-de howsala basdy. Çünki, goşun şu wagtky barýan belentliginden aýlanyp-öwrülip, şol hatarly ýol arkaly aşak düşmelidi.

Awangardyň düzümine girýän iki batolýon tarapyndan arly tomus gurlan şol ýoluň bir tarapy-ha kert gaýa, beýleki tarapam düýbüne zordan göz ýetýän uçut. Üstesine, ýokary galdyklarysaýy güýjerläp gidip oturan ýelem indi ýetjek derejesine ýetdi-de, syraýan çäge owuntyklaryndan ýaňa gözüňi açar ýaly bolmady. Birek-biregi-hä däl, aram-aram hatda öz münüp barýan atyň gulagynam görüp bolanok. Bar umyt aşagyňdaky atyň hüşgärligine bagly. Uýany goýberip, Hudaýa bil baglap oturybermekden başga alaç ýok. Soňabaka soldatlar eýerden düşüp, atlaryny idip ugradylar. Her bir ädimiňde basjak ýeriňi aýagyň bilen ykjam barlap basmasaň, bir düwürjik daşa büdräp ýa aýagyň taýyp, atyň zadyň bilen uçutdan kelemenläp gaýdaýmagyň gaty ahmal.

Atyny ideklәp, seresaplylyk bilen öňe hereket edip barýan Çurkin dem almasynyň kynlaşýandygyny, ysgyndan gaçyp barýandygyny duýdy. Saklandy. Uludan demini almak üçin agzyny açandanam, bokurdagy çäge gatyşykly tozandan doldy. Üsgürdi. Ardynjyrady. Birdenem ýüregi bulandy-da, ögäp başlady. Oňa çenlem yzynda itnişik, dyknyşyk emele geldi. Daş-töweregi goňrumtyl garaňkylygyň gaplap almagy bilen, gözýetim halys golaýa geldi. Öňüňi-yzyňy, sagyňy-soluňy saýgarar ýaly bolmady. Kolonnanyň ähli esgerleri, hatda mal-garalara çenli edil komanda berlen ýaly duran-duran ýerlerinde doňup galdylar. Käte bir köwsarlap urýan ýeliň zarbyna yraň atýalar diýäýmeseň, gymyldy-hereket ýok. Kim nirede, näme nirede belli däl. Her kimiň bar gaýgysy öz jany. Hudaýy çagyryp başlaryny büreşip durlar. Çurkiniň göz öňünde şol wagt şo-ol, Gidrolumdaky ýeke mazar salgym atyp gitdi. Soň Çatdaky uly mazarystançylyk... Birdenem ony gorky basdy. Yzynda duranlary görmek üçin öwrülip ýeň astyndan garanda gözüne tümlikden başga za görünmedi.

Garaňkylygyň sabaşmagy bilen, kolonna ýene-de ýagyş gurçugy ýaly sozulyp-büzülip, ýuwşjadan öňe tarap herekete başlady.

Şondan soň otrýad her gezek ýaňky ýaly howa garaňkyran wagt-a durdy, açylyşandan soňam ýörişi dowam etdirdi.

Ýel biraz pesendeläp, gözýetim uzalyberse-de soldatlara ýakyp baranok. Her kim aşak seretmäne gorkýar.

Her niçik hem bolsa Çurkin bir gezek ýüregini bire baglap, gol asyndan aşak seretdi. Seredişi ýalam gözi uçudyň düýbünde porsaşyp ýatan düýe maslyklaryna düşdi. Ol janawarlar şu ýol awangard tarapyndan bejerilýän wagty gaýadan uçan bolmaly. Awangardda diňe düýe pidaçylygy bolman, adam ýitgileriniňem bolandygy barada Düzolumda bolnan üç günüň dowamynda kän gürrüň edilipdi. Şonuň üçinem, Bekdepeden geçilende juda hüşgär bolmaklyk soldatlaryň hemmesine ýekän-ýekän tabşyrylypdy.

Şeýle-de bolsa, hatarly ýol bu gezegem hakyny alman goýbermedi.

Bir soldatyň idip barýan düýesi aýgy tyýpdy-da, patynaklap ilk-ä bir özüni gaýa urdy, soňam güpür-tapyr bir gapdala ýanyn ýykyldy, turjak bolubam süýşenekledi-süýşenekledi-de, uçuda tarap agyp gaýtdy. Ýüpüni elinden sypdyryp ýetişmedik bor-a çemeli, düýäniň aýylganç hem naýynjar sesiniň arasy bilen ony idip gelýän soldatyň: «Oý ma-moçka-a-a...» diýen edrenç sesem ýaňlandy. Ol ses esil alkymyndan çykan hem bolsa, Çurkin onuň özüniňem, düýesiniňem nädip ýykylanynam, näme-nämeleriň bolup geçeninem görmän galdy. Oňa çenli soldatyň: «Deržite-e... Pomagite-e...» diýýän sözlerem aşaky dereden köwsarlap gelen ýeliň «hüwwüldisine» goşulyp, ýene-de güw aşaklygyna tarap gitdi. Göz açyp-ýumasy salym geçendenem uçudyň düýbünde «gürp-tarp» boldy. Şol

«güpürdini» getiren şemal bilen düýe janaweriň: «Bö-ö» etdiren gysgajyk, belki iň soňky güňleç sesem geldi.

Kolonna durdy. Çurkinem durdy. Maý tapyp aşak seretdi. Ýylçyr daşa urlup iç goşy çogan düýe aýaklaryny kakyp iki ýana urnup ýatyr. Soldatlardan haraý isleýän ýaly, arasynda boýnuny uzadyp dik ýokary seredýär. Soňam olardan hiç-hili goldawyň bolmajakdygyna gözi ýeten ýaly boýnuny «şalkyldadyp» ýere goýberýär.

Uçudyň erňeginden bäş-on metr aşakdaky kertiň üstünde bolsa, uçan düýäniň eýesi sessiz-üýnsiz çäşerilip ýatyr. Ol edil şol kerte germesatan edilip ýelmenen ýaly. Gymyldy hereket ýok. Egerde, duman syrylan wagty gözi ýitiräk soldatlaryň biri ysgynsyzragam bolsa ýyltyldaşýan gözlerinden çen tutup: «Oglanlar, ol diri ýaly-la...» diýip, gygyrmadyk bolsady, onda hiç kim onuň içinde jany bardyr öýtmezdi. Gygyran soldatyň sözlerini «germesatanyň» özem eşiden borly, diridigini subut etmekçi bolýan ýaly, bir elini çalaja gymyldatdy. Ony hemmeler gördüler. Şondan soň onuň diridigine güman galmady.

Ýeliň ýuwaşap tot-tozanyň az wagtlyk hem bolsa sowulan wagty birini ýüp bilen salladylar-da, ony çekip çykardylar. Öň sessiz-üýnsiz ýatan biçäre ýüp çekilip ugrandan yzyny üzmän, ulyili bilen gygyrmaga başlady. «Beýdeniňizden-ä goýberiň meni dikbaşak! Öldürýäňiz! Süňklerim owum-döwüm boldy-y. Etlerimi mäjum etdiňiz...» diýip, gözünden boýur-boýur ýaş dökdi. Soň görüp otursalar, onuň sag uýlugy döwlen ekeni. Çep omurdany bolsa çignini̇ň hamyny selterip daşyna çykypdyr-da, bir garyş ýaly ýokarda somalyp dur. Kerte öňürti baryp şol degen borly, bir ýan betem zer-zaýa. Şol bolşuna-da ol ýokary çykarylyşy ýaly: «Wah, Ahala ýetip bilmän ölmeli boldum-da... Emgejigim köýdü-dä...» diýip, «hoňňuldamana» başlady.

Ony gyssagly suratda öňe ugratdylar. Kolonnanyň özem ýaňy bir ugrajak bolup durka, ýene-de ýel güýçlenip, töwerek çal dumana duwlandy-da, bir soldat hemmeleriň gözüniň öňünde, aty zady bilen bilelikde kelemenläp uçutdan aşak gaýtdy. Ol ýaňy bir atyny idip ugrapdy, ýöne, öňürti özi ýykylyp, atam yzyndan gaýtdyy ýa öňürti aty ýykylyp, özem uýana çolaşyp bile gitdimi, ony bilýän ýok. hiç kim hiç zat görmedem, eşitmedem. Ýöne, ol öňki soldat ýaly bärkiräk bir kerte düşüp galaýmadam-da, güw aşak gaýtdy. Öňürti aty, soň özi, «gürp-tarp» etdirişip uçudyň düýbüne düşdüler. At janawer janhowluna o ýan, bu ýan urundy, ýöne, soldatdan welin, sesem çykmady, gymyldam bolmady. Şonuň üçin soldatlar ony bu wagt çykarjagam bolmadylar. Uçutdan geçip, Tersakanda ornaşanlaryndan soň, ýeliň-tozanyň ýatan wagty gelip arkaýynlykda alyp gitmekligi karar etdiler. «Aý, howwa-la, indi o neressäň howlukýan ýerem ýok-la» diýip, kimdir biri köpçüligiň gelen bu kararyny bilniksizräk höwes bilen tassyklady.

Şeýle hem etdiler. Şol günüň ertesi gelip, iki soldaty ýüp bilen aşak salladylar we o bendäni itiň görmünde çekip çykardylar. Görgüliniň bedeni sowap saraňgaty bolupdyr. Eşikleri gan bilen gatapdyr. Dogrusyny aýtsaň oňa seretmegem gorkunç. Has beteri açyk gözlerem petreýişip iki gözüň içine seredip dur. Edil, düşen gününi senden görýän ýaly. Soldatlaryň bir-ä ony ellemäne-de milt edip bilmedi. Asyl golaýyna-da gelibilmän ep-esli aralykda köwejekledi durdy. Hiç kim ony zor bilen bu işe iteklejegem bolmady. Her niçik hem bolsa merhumy Tersakana getirip jaýladylar.

Şeýlelikde, Ahalteke ýörüşiniň ýolunda ýene bir ýalňyz mazar emele geldi.

Şonuň öň ýany uçutdan gaýdyp ýaralanan soldaty bolsa yzyna, «Gyzyl hajyň» Çatdsaky keselhanasyna ugratdylar. Ol şo gidip barşyna-da:

— Oglanlar! Maňa deregem tekeleriň bäş-üç sanysyny kaklaweriň – diýip, şol bir ahmyrly sözlerini gaýtalady gitdi oturdy.

Bekdepeden geçilende üstüniň goş-golamlary bilen gaýadan uçan düýeleriň sany ona golaýlady.

Howply-hatarly Bekdepe geçidinden soň, asuda, Tersakan jülgesi soldatlaryň gözüne jennetiň bir künjegi ýaly bolup göründi.

Her gezekki dynç alyşlykdan soň, ýörişe ugralanda öňürti pyýada goşun gidýärdi. Geçilmeli ýoly salkyn bilen geçmek üçin, ol gije sagat üçlerde, hatda ikilerde ýola düşýärdi. Atly goşun bolsa göre-gündizräk ýöreýärdiler. Çünki, atlary gije sürmek ukudan goýmak olara ýaramaz täsir edýär. Ýörişe bolan ukyplaryny azaldýar.

Bekdepedenem öňürti pyýada goşun geçipdi. Olar Tersakanda atly goşuna garaşyp ýatyrdylar. Çurkiniň dosty Iwaşowam şolaryň arasyndady. Olaryň daňdanrak, entek Bekdepede ýel turmanka geçen bolmaklaram, dragunlaryň gören görgülerini görmedik, çeken pidalaryny çekmedik bolmaklaram mümkin. Ýöne gep onda däl. Esasy zat Çurkin öz gören zatlaryny oňa hökman aýdaýmaly. Derdini paýlaşaýmaly.

Şonuň üçinem, ol atyny baglap, çadyryny dikenden soň, Iwaşowy gözläp tapdy we geçitden aşylan wagty bolan betbagtçylykly wakalary uly howsala bilen, birin-birin gürrüň berdi. Sözüniň soňunda bolsa:

— Tekeleriň garşylaýyşlaryny nähili gördüň... – diýip, dostunyň ýüzüne çiňerildi.

— Mundan gowy garşylar ýaly tekeler bizi çörege çagyranoklar ahyry.

Dostunyň jogabyndan göwni hoş bolmadyk Çurkin kineli gürledi.

— Al-aýt, saňa-da lak atar ýaly däl-aý... Edil tekeler bilen bagryň badaşan ýaly.

Olaryň bu gürrüňlerine kem-kemden beýleki soldatlaram goşuldylar. Gürrüňçilik tä, gijäniň bir wagtyna çenli dowam etdi. Şonda soldatlaryň köpüsiniň eýýäm bu ýörişden basylyp ugrandyklary, ýöwselleşýändikleri bildirdi. Çünki, olar indi ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolup başlapdylar. Onda-da entek barmaly ýerlerine baryp ýetmänkäler.

General Lazarewiň aradan çykandygy baradaky habary hem soldatlar gökleň türkmenleriniň mekany bolan şol sapaly Tersakan jülgesinde, 15-nji awgust güni eşidipdiler. Ýaýran «myş-myşlara» görä, generel saglyk ýagdaýynyň juda erbetleşendigine garamazdan, Beýik Imperatora wepalydygyny bildirmek üçin, Çatdan bärigem ýoluny dowam etdirmekçi bolupdyr. Ýöne, aýyň 14-ine geçilýän gije birdenkä haly ýaramazlaşypdyr we daňdan sagat bäşlerde jan beripdir.

Bu habara general bilen Türkiýä garşy söweşlere gatnaşan we özlerini onuň egindeşi hasap edýän soldatlar we ofiserler hasam beter gynandylar.

Iwaşow bolsa şolar ýaly yzly-yzyna bolup duran şowsuzlyklary, dindar adam hökmünde, şu ýörişi Hudaýyň halamaýan bolaýmagynyň ahmaldygyna ýordy.

Generalyň ýogalandygy baradaky ajy habar bilen bilelikde harby derejesiniň beýlekilere görä beýikdigine görä, goşuna mundan buýana serkerdelik etmekligi general Lomakiniň öz üstüne alandygy baradaky habar hem gelip gowuşdy.

Soldatlaryň käbirleriniň, hususan-da Çurkiniň pikir edişi ýaly, baş serkerdäniň ölümi Ahalteke ýörişini bökdäp bilmedi.

17-nji awgust güni, täze serkerde general Lomakin Gökdepä tarap ýoly dowam etdirmek barada buýruk çykardy.

Bu habary hem soldatlar uly şowhun we şatlyk bilen kabul etdiler. Ahalteke urşunyň gutulgysyzdygy indi hemmelere aýdyň boldy.

## 11. Duşmanyň garşylanyşy

Ýagynyň öňünden çykmaly dört müň atly goşunyň iki müňi, şeýle hem pyýada goşun, iki günüň içinde Gökdepe galasyna ýygnandy. Atly goşunyň ýetmezini Börmeden, Dykma serdaryň ýigitlerinden dolmaly edibem ýola düşdiler. Goşunyň umumy ýolbaşçylygy Berdimyrat hana ynanyldy. Aýratynlykda pyýada goşuna Orazmämmet han, atly goşuna Garabatyr baştutan edilip bellenildi. Her gala hany öz ýigitlerine ýolbaşçylyk etmeli we olaryň arasyndan onbaşylary, ýüzbaşylary saýlamaly. Serkerdeleriň baş maslahatçysy hökmünde goşunyň ýanyna Gurbanmyrat işanam goşuldy.

Börmede uzak eglenmeli bolmadylar. Çünki, Dykma serdar ol ýere Gulbatyr serdary bir gün öň iberipdi we ol eýýäm ýigitleriň gerekli mukdaryny artygy bilen jem edip goýupdy.

Şol ýerde goşuna Gyzylarbat hany Sopy han hem öz atlylary bilen goşuldy. Ol ekabyrlara ors goşunynyň eýýäm Tersakandan çykyp, bäri gaýdandyklary barada maglumatyň bardygyny aýtdy. Şonuň üçinem, haýal etmän Bendesene tarap ýola düşdiler.

Egerde, duşmany Bendesenden yzyna gaýtaryp bilsediler, onda Ahal ülkesiniň abraý bilen goraldygy bolýardy. Egerde, ondanam aňyrda, Hojagaladan serpikdirilseler, onda, duşmanyň düýbünden Ahala aýak sekdirilmedigi boljakdy.

Ala meýdanda bagty synap görmek islegi şol wagt ekabyrlaryň hemmesinde-de dörän bolsa gerek, Bendesende geçirilen gysgajyk maslahatdan soň, Orazmämmet hanyň, Sopy hanyň, Gurbanmyrat işanyň ýolbaşçylygynda pyýada goşuny şol ýerde galdyryp, Berdimyrat han, Dykma serdar, Garabatyr dagy atly goşun bilen Hojagala tarap ýöriş etdiler.

Emma entek Hojagala ýetmänkäler, dar jülgäniň içinde ors goşunlarynyň awangardy bilen ýüzbe-ýüz gabat geldiler. San taýdan azdyklary görnüp duran hem bolsa, kazaklar yza çekilmek barada pikirem etmediler. Gaýtam: gepleşik geçirmelimi ýa urşa girmelimi, diýşip, türkmen ekabyrlary at üstünde maslahat edýänçäler, olar eýýäm ala-goh bolşup ot açyp başladylar.

Berdimyrat han ýigitleri ikä bölüp, Dykma serdar bilen Garabatyryň hersine duşmanyň bir tarapyndan aýlanmaklygy, eger-de ýagdaý bolsa arkalaryna geçip ýeňselerinden urmaklygy, gabawa salmaklygy buýurdy.

Jülgäniň dardygy hem-de iki tarapyň ulyly-kiçili dag gerişleri bilen gurşalandygy sebäpli ýigitleriň agyp-dönmelerine maý bolmady. Şonuň üçinem, Garabatyr bilen Dykma serdaryň hersi iki ýüz atlyny yzyna tirkäp hüjüme ugrady. Berdimyar han duşmanyň çat maňlaýyndan urmak üçin jülgäniň agzyna bent boldy.

Dykma serdar dagy sag tarapdaky kert gaýanyň düýbüni syryp akyp ýatan çeşmeden at urduryp geçdiler-de, onuň aňyrsyndaky gyrymsy agaçlary, düýe ýaly daşlary, kert gaýalary penalap, duşmany atym aralygyna getirmek üçin birsyhly öňe süýşdiler. Şol aralykda-da, duşmanyň «şuwlaşyp» gelýän gyzgyn gülleleri üç-dört sany ýigidi ýaralady. Şondan soň olaram kazaklara tarap ok atyp başladylar. Emma duşmanyň arasynda hiç hili başagaýlyk döremedi. Çünki, türkmen ýigitleriniň atýan oklary olara ýetmeýärdi. Kazaklaryň özlerini beýle arkaýyn alyp barýandyklarynyň sebäbiniň şoldugyna türkmenlerem basym göz ýetirdiler.

Bu ýagdaýy Berdimyrat hanam duýdy we duşmanyň ünsüni Dykma serdar dagynyň sowmak üçin üç ýüz atlyny öňe çykardy we ok atmaklygy, ýagdaý bolsa garjaşma girişmegi buýurdy.

Emma kazaklaryň atýan oklary gerekli menzillerine ýetmänkäler olaryňam on sanysyny atdan agdardy.

Ýigitler ýaradarlaryny alyp yzlaryna dolandylar.

Soldatlaryň atýan oklary çawup gelip Berdimyrat hanyň öz duran ýerine-de ýetdi we birnäçe aty şeýle hem üç adamy ýeňil-ýelpaýrak ýaralady.

Duşmanyň üstüne çep tarapdan hüjüm edýän Garabatyryň ýagdaýam Dykma serdaryňkydan gowy däl. Onuňam ýigitleri ýitgi yzyna ýitgi çekdiler, emma duşmana zeper ýetirip bilmediler.

Şonuň üçinem, Berdimyrat han oňa-da, Dykma serdara-da yza çekilmekligi buýurdy.

Birdenem jülgäniň sag tarapyndaky abanyp duran kert gaýanyň üstünde bir bölek atly peýda boldy. Olaryň iň öňdäkisi-dor atly başy ak silkme telpekli, egni gyrmyzy donly, aýagy ýumşak gara ädikli, inçesagat, süýnmegräk ak ýüzli, görmegeý, syratly ýigit daş-töweregine nazar aýlady-da, dagyň iň eňňit ýerlerini peýläp, ors goşunlarynyň üstüne at goýdy. Dag goçlary ýaly heşerilişip duran ýigitlerem onuň yzy bilen «gykuwlaşyp» aşak indiler.

Berdimyrat han olary kömege gelen ýomutlardyr öýtdi. Şowsuz hüjümden dolanyp gelýän Dykma serdar bolsa kimdiklerini anyklajagam bolmady-da, hemaýat bermek üçin at başyny şol tarapa öwürdi. Ýöne, gümmürdäp çykan top oklary ony ýene-de yza dolanmaga mejbur etdi. Dagdan inen atlylar bolsa eýýäm duşman bilen garjaşma urşuny edip ýördiler. Şonuň üçinem, soldatlar olara garşy top işledip bilmediler.

Egri gylyçlaryň ýygy-ýygydan inip çykmasy ors soldatlarynyň öňdäki sanypy mazaly seýrekledi. Olaryň arasynda aljyraňňylyk başlandy. Sebäbi, duýdansyz peýda bolan türkmen ýigitleri ors soldatlary bilen şeýle bir garyşdylar welin, olar indi top-a beýle-de dursun, tüpeň bilen arkaýyn atmana-da maý tapmaýardylar. Şonuň üçinem assa-ýuwaş yza çekilip ugrandyklaryny özlerem bilmän galdylar.

Şondan soň gyrmyzy donly ýigidiň nökerleri gylyç syryp, topçularyň üstüne topuldylar. Topçularyň toplaryny süýräp yza çekilýändiklerini görüp Dykma serdar ýene-de şol tarapa at goýdy. Çabga ýaly ýagýan okuň aşagynda häliden bäri atyny kä öňe, kä yza debsiläp, hars urup ýören Garabatyram ýigitleri bilen söweşiň gidip duran ýerine tarap ýöneldi.

Jülgäniň dardygyna garamazdan, Berdimyrat han hälki üç ýüz atlynam şol tarapa gönderdi. Türkmenler dört bölek bolup soldatlary gysaja salyp başladylar.

Orslary Ahala aýak basmankalar yzlaryna kowmak baradaky arzuwyň hasyl bolaýmagynyň ahmaldygy göründi. Ýigitleriň ruhy göterildi. Göwünleri joşdy. Entek söweşe goýberilmän, gezeklerine garaşyp duranlaram üzeňňä galşyp, duşman sary gylyçlaryny bulaýlaşdylar, ýaranlaryna goldaw bermek üçin «how» çekdiler, öňe-öňe owsundylar. Özleriniňem çozuşa iberilmeklerini haýyş edip, Berdimyrat hana birnäçe gezek ýüz tutdylar.

Oňa çenli kolonnanyň yzky hatarlaram gelip ýetdi-de, olar uzak aralykdaky belentlikden Dykma serdaryň, Garabatyryň entek duşman bilen garjaşyp ýetişmedik atlylaryny top okuna tutup başladylar. Uzaga atýan tüpeňleri bilen sähel salymyň içinde türkmen ýigitlerini edil, palaç ýatyran ýaly etdiler.

Ýagdaý ýene-de kynlaşdy. Dykma serdar bilen Garabatyr birnäçe ýigitlerini ýitirip, yzlaryna dolandylar.

Duşmanyň ortasynda indi diňe duýdansyz peýda bolan gyzyl donly ýigidiň nökerleri galdy. Olar dürli emeller arkaly duşmana iňňän köp zyýan ýetirdiler. Iki topçyny hatardan çykardylar çykgynsyz ýagdaýa düşendiklerini duýanlaryndanam edil gelendäkileri ýaly «gykuwlaşyk» gaýra çekildiler. Söweşip baryşlaryna soldatlaryň arasyndan edil hamyrdan gyl sogrulan ýaly emaý bilen çykdylar-da, dagyň ýüzündäki äpet daşlara bukulyşyp, ýokarlygyna tarap suwuldylar ötägitdiler. Olaryň aşagyndaky atlaryň sakgyç ýaly süýnüp, gerek ýerinde sozulyp, ýazylyp, üstündäki ýigitleriň göwünlerine görä kä saga, kä sola agyp-dönüp baryşlaryna soldatlar haýran galdylar. Olar ýa-ha tomşa gyzyp, şol atlara tarap ok atmalydyklaryny unutdylar, ýa-da atmana dözmediler.

Atlylar bolsa göz açyp-ýumasy salymyň içinde başky peýda bolan ýerlerine, dagyň çür başyna çykdylar-da, bärilerine bakyp telpeklerini bulaýlaşdylar duruberdiler. Gyrmyzy donly ýigidiň dor aty bolsa çarpaýa galdy-da, duşmana haýbat atýan ýaly daglary ýaňlandyryp diýseň haýbatly kişňedi. At öň aýaklaryny ýere goýup-goýmanka-da üstünde oturan ýigit goltugyndan ak kepderi çykardy. Uçurdy.

Ýigitler: «Guşly batyr-da, Guşly batyr» bolşup gygyryşdylar.

Duşmanlar Ruhy batyra tarap top atdylar. Top oky onuň duran gaýasynyň orta bilini tozadyp goýberdi. Töwerege daş owuntyklary pytrady. Ruhy batyr o zatlara ünsem bermedi. Topçulara tarap gylyjyny bulady-da, at başyny öwürdi ötägitdi. Ülker ýaly bir toplum bolup duran ýigitlerem onuň yzyna düşdiler.

Şondan soň soldatlar gök asmanyň ýüzünde «şapyrt-şapyrt» edip aşyr atyp ýören kepderini oka tutdular. Kepderi bolsa ajal oduny sepeleýän tüpeňlerden, toplardan çykýan tüsseleriň arasyndan sowlup geçdi-de, Ruhy batyryň giden ugruna tarap pessaýlap ugrady. Barybam göni eýesiniň egnine gondy.

Şondan soň, soldatlar toplarynyň nilini öňlerinde toplum tutup duran ýigitlere tarap öwürdiler.

Berdimyrat han goşuna yza, Bendesene dönmek barada buýruk berdi.

Duşmanyň golaýlandygyny eşiden Bendesenliler eýýäm göç üstünde ekenler. Ol ýerde, Gurbanmyrat işanyň ýolbaşçylygynda galan pyýada goşuny hem alyp, Berdimyrat han at başyny çekmezden Bama tarap ýoluny dowam etdirdi. Bamylylara derhal Gökdepä ugramaklygy tabşyryp, özleri Börmä gitdiler. Şol ýerde goşuna dynç almagy tabşyryp, ekabyrlaryň özleri Dykma serdaryň galasyna maslahata ýygnandylar.

Wagt çäkli bolansoň, maslahat çaý-nahar gelmezindenem öň başlandy.

Gurbanmyrat işana bolan işi gysgaça beýan etdiler. Ol gözlerini tegeläp, oturanlaryň ýüzüne birin-birin seretdi-de, görkezme berip başlady.

— Bendesenden başlap ähli obalary Gökdepä göçürmeli. Göçe şu günüň özünde şu pursadyň özünde başlamaly. Goşunyň hemmesini äkitmeli däl. Goý, Garabatyr atly goşun bilen şu ýerde galsyn. Hem-ä göçe kömek ederler, hemem halkyň aýagy ýygnanýança duşmany güýmärler. – Ol Berdimyrat hana tarap ýapyryldy. – Nähili görýäň şu maslahaty, han?

Geleli bäri sesini çykarman, agyr oýa batyp oturan Berdimyrat han usullyk bilen başyny galdyrdy.

— Makyl gürrüň, işan aga. Ýöne, ýene bir maslahat bar. Ýaňy ýolda-da köp pikir etdim şo barada, gelelim bärem şony alada edip otyryn.

Gurbanmyrat işan çalarak gobsunyp öňe omzady.

— Howwa...

— Ýagny, ýaňy özüňizem aýtdyňyz, duşmany güýmemeli, wagt utmaly, diýdiňiz. Şonuň üçinem, ine, şü... – Ol Dykma serdara tarap baş atdy. – Serdar aga öňem orslar bilen birnäçe gezek ysgaşyp gören adam, kime ynanmasalaram şuňa ynanarlar, meň diýjek bolýan zadym bäş-üç sany adam bilen serdar agany biz tarapdan boýun sunup barýan adam hökmünde ibermeli. Elbetde, serdar aganyň özi göwnese...

Gurbanmyrat işan sowuklaç ýylgyrdy-da, sorag gatyşykly nägile nazar bilen Berdimyrat hanyň ýüzüne seretdi.

— O nähili boýun sunup barýan adam hökmünde? Seň aýdýanyň näme, Berdimyrat?

— Men wagt utmak üçin diýýän, işan aga.

— Weý, ine bardam-da. Ynandylaram-da. Onsoň näme? Ýa: bor onda, boýun bolýan bolsaňyz biz-ä yzymyza gaýdyberjek, diýäge-de, yzlaryna döner

ötägidibererler öýdýäňmi? Ýa Dykma bilen gep nokatlaşyp bäş-üç gün eglenerler öýdýäňizmi? Boýun bolýan bolsaňyz hany, beýleki han-begleriňizem gelsinler, Gökdepä-de bizi özleri eltsinler, urşuň bolmajakdygyny şol ýerde halkyň öňüne çykyp aýtsynlar, bizem öz sözümizi şol ýerde halka sözläli, diýseler näme? Dykma serdar şonda nätmeli? Ýa özlerinden özleri tebil tapaga-da, Dykma serdaram ýanlaryna alyp ýörişi dowam etdiriberseler näme? Tazy gören tilki ýaly şu gaçyp barşyňa yzyňa döäge-de, Dykma serdary olaryň elinden alyp gaýtmana ýagdaýyň barmy? – Gurbanmyrat işan hasam janyndan syzdyryp gepledi. – Ahow, inim, olara Dykma serdar däl-de, Ahal gerek! Düşdüňmi, Ahal!

Berdimyrat han öz eden teklibinden utanýan ýaly gyzaryp aşak bakdy. Ony bu oňaýsyz ýagdaýdan Orazmämmet han alyp çykdy.

— Berdimyrat hanyň aýdýanyňyzyň jany bar – diýip, ol endigine görä boguljyrap gepledi. – Ýagdaý bolsa ugruny tapyp duşmany eglemeli. Ol dogry. Ýöne, işan aganyňam aýdýanlary dogry. Olar bu wagt edil, etiň ysyny alan aç arslan ýalydyrlar. Özlerini nähili alyp barjakdyklaryny öňünden bilip bolmaz. Ýöne şu iki pikiri bir ýere birleşdirip aralykdan bir pikir çykarmak mümkin. Ýagny, Dykma serdary ibermeli, ýöne, ýalandan boýun sunup barýan hökmünde däl-de, çyndan, ilçi hökmünde ibermeli. – Orazmämmet han: aýtsammykam, aýtmasammykam, diýýän ýaly, böwrüni diňläp ep-esli oturdy-da, gözlerini güldürip boýnuny bir tarapa gyşartdy. – Elbetde göwneseňiz... Oňlasaňyz... Makul bilseňiz... Bu meň öz pikirim... Ýagny... Dykma serdar barmaly-da: biz salgyt tölemäne razy, ýöne, Ahala girmäň, şu ýerden yzyňyza gaýdyň, diýmeli.

Gurbanmyrat işan oturan ýerinde ellerini serdi.

— Ahow, olar bizden salgyt soranoklar-a, Orazmämmet.

— Soramasalaram teklip edip görmeli.

— Çyndanmy ýa onam pirim edip aýtmalymy?

— Men şu wagt çynyň gürrüňini edýän, işan aga. Şu teklibimiz kabul bolsa biz uly bir gyrgynçylygyň öňüni alarys. Sebäbi, Gazawatly ýomutlaram salgyt tölemändikleri üçin şol güne düşüpdiler.

— Gazawat türkmenlerine salgydy olar Hywany basyp alanlaryndan soň, uruş üçin eden çykdajylarynyň muzdy hökmünde saldylar. Biz bolsak entek Ahaly olara beremizok.

— Dogry, ýöne, ýaňky aýdyşym ýaly şu syýasatymyz başa barsa biz iki belanyň birinden gutulýas. Başa barmasa welin, olar barybir şol salgydy bizden alarlar. Onda-da Gazawat türkmenlerinden alyşlary ýaly uly gyrgynçylykdan soň törümize geçenlerinden soň, gözümize basyp alarlar.

—Ýeňenlerinden soň diýjek bolýaňmy?

— Howwa, işan aga, ýeňenlerinden soň.

— Sen ýeňilmek hakda däl-de, ýeňmek hakda pikir et, Orazmämmet. Näme, beýle kibtiňi ir gysýaň-la, how, sen!

— Men öz pikirimi aýtdym, işan aga, galanynam özüňiz biliň.

— Öz pikirim, öz pikirim diýip siz aýtjagyňyzy aýdyp otursyňyz-la haw — Gurbanmyrat işan Berdimyrat hanyň ýüzüne seretdi — Ýeri bolýa, bardy-geldi olar şoňa razy bolaýsalar näme? Salgyt berjekmi? Bermelimi?

— Bermeli! – diýip, Berdimyrat han çürt-kesik aýtdy. – Iki mesele ýüze çykanda şonuň hökman bähbitlisini saýlap almaly. Biz öň Hanmämmet atalyk ýaly orslaryň güýjüni öz gözi bilen gören adamlaryň gepine gulak asmadyk. Emma, ine, ýap-ýaňyja ol güýjüň nähilidigini özüňizem gördüňiz. Ýarag kämilligi deň däl. Bizde olaňky ýaly goşun serenjamy ýok. – Han Garabatyra tarap elini uzatdy. – Ine, şular ýaly bir gerçek goç ýigidi şolaryň iň bir züwwetdinem elindäki tüpeň bilen ep-esli aralykdan atyp öldürip bilýä. Top bilen bolsa bir bada kyrk-elli adamyňy ýok edip bilýäler. Şu ýagdaýda ol ýaga garşy durmaklyk göni ölüme gitmekden başga hiç zat däl. Gylyja baýrynylyp duşmana göz grkezilýän uruş däl bi.

— Nä-ätdiňiz-aý myny... – diýende Gurbanmyrat işanyň sesi iňňän ynjyly çykdy. – Birinjiden-ä näme beýle bir gezek görenden duşmanyň öňünde ýaýaplaberdiňiz, ikinjidenem siz näme, şunça güýç bilen şunça ýol söküp gelýän goşun siziň bäş apbasynyňyza gyzyp yzyna döner öýdýäňizmi? Onsoňam aýtdym-a men: olara pul gerekgä, Ahal gerek! Olar bilen diňe döş direşip gepleşmeli. Başga ýol ýok.

— Aho-ow, adamlar, Kurandan ant içild-ä – diýende Garabatyr gahardan ýaňa aglaýjak boldy. – Indiden soň aýdyp oturan gürrüňňiiz nähili?

Gurbanmyrat işanyň ýüki ýeňlän ýaly boldy.

— Ana, menem şony aýdýan-da... Indi başga ýol ýok, diýýänim şo-da...

— Siziň antyňyzyňam, şertiňiziňem gaçyp gidýän ýeri ýok – diýip, Orazmämmet han Garabatyra tarap gaharly seretdi. – Teklibi kabul etseler-ä gowy zat, jan bereniňden zat bereniň ýagşy. Üstesine-de, duşman ýurda girenok. Urşa hajat galanok. Ant-şert köýenok. Kabul etmeselerem näme, ýitirýän zadymyz ýok. Bar zat öňki-öňkiligine galýa. Antyňam öňki güýjünde galýa,şertiňem. Olaryň Dykma serdary alyp galmaklaryna-da bahana galanok. Sebäbi, mesele hile üçin däl-de, hakyky suratda goýulýa. Taýagyň haýsy ujuny saýlasaňyz saýlaýyň, diýilýä. Galyberse-de, iň bolmanda halk gala ýygnanýança bäş-üç gün maý-a bolar. Häzirki pursatda biziň üçin şolam az zat däl.

— Şüý-ä biçeme-de däl ýaly – diýip, Gurbanmyrat işan esli wagtlap böwrüni diňläp, içini hümledip oturandan soň öz-özi bilen gürleşýän ýaly eşidiler-eşidilmez

seslendi. – Duşman ýurda girmese bolýa. O-da bir çykalga. Özem gowy çykalga. Geliň, şony şeýdip göreliň. Şeýtsek ähtibarlyrak bor.

Bu teklibem kabul edildi. Ahyrsoňunda Dykma serdaryň öz razylygyny soradylar. Onuň jogaby nagt boldy.

— Şu işiň parahatçylykly ýol bilen çözülmegi üçin men janymy orta goýmalam bolsa taýýar. Üstesine-de şu goşunyň öňüne düşüp gelýän serkerde ho-ol, baýak maňa Akberdiden hat iberen Lazarmyşyn. Ýene bir haýyşym bar, o-da soň gümürtik gürrrüň bolmaz ýaly, ýanyma Gyzylarbadyň hany Sopy hanam goşuň. Bäş alty-sany nökerem beriň.

Şonuň bilenem maslahat tamamlandy. Ilçiler gaýdyp gelýänçäler Gurbanmyrat işan, Gulbatyr serdar atly goşunyň bir bölegi bilen Börmede galmaly edildi. Berdimyrat hanyň özi bolsa, galadaky taýýarlyk işlerine gözegçilik etmek üçin, Orazmämmet hanam alyp goşun bilen Gökdepä gitmeli. Garabatyr öz atlylary bilen duşmanyň gelýän ýoluna gözegçilik etmeli. Olaryň hereketleri barada Gökdepä habar ýetirip durmaly. Göçýänlere ýardam etmeli. Olary gyssamaly. Howlukdyrmaly. Dykma serdar dagy dolanyp gelenlerinden soň, gepleşigiň netijesini haýal etmän ekabyrlara ýetirmeli. Gepleşik oňyn çözülen bolsa, olar bilen bilelikde gala barmaly.

Ilçiler haýal etmän ýola düşdüler.

Sähelçe salymyň içinde goşunam aýaga galdyryldy. Maslahatyň gelen netijesine görä her kim özüne buýrulan ýumşuň ugruna gitdi. Galjaklar galdy. Ýüregedüşgiç pursatlar başlandy. Börmäni başagaýlyk gurşap aldy. Göç başlandy. Güllenen keçeler basylman, gaplanan ýorganlar köklenmän galdy. Toý-tomgy hakda-ha gürrüňem ýok, baglanyp oturlan ýaslaram Gökdepä göçürildi. Üçi geçen bolsa ýedisi, ýedisi geçen bolsa kyrky şol ýerde bellemeli edildi.

Hatda obanyň içinde ülpüldeşip ýören pişiklerem hamala bir ýana howlukýan ýaly iki ýana zymdyrylyşdylar, öňlerinden adam çyksa ýagy barada habarlaşmakçy bolýan ýaly saklandylar-da, öň aýaklarynyň birini galdyryp duruşlaryna aşaklyk bilen onuň ýüzüne seredişdiler, birdenem ondan idili habaryň çykmajakdygyna gözleri ýeten ýaly ýüzlerini öňe tarap öwürdiler-de, ümdüzlerine tutdurdylar.

Itleriňem guýruklarynyň aşagyna otly kesindi gysdyrylan ýaly boldy. Adamlar nirä üýşseler olaram şol ýere bardylar. Çommalyşyp oturyşlaryna näme barada gürrüň edýändiklerini aňmakçy bolýan dek, kellelerini kä oýan, kä buýan gyşardyşyp ýüzlerine ýeke-ýeke, siňe-siňe çiňerilişdiler. Birdenem gürrüňleri gulaklaryna ýakmadyk ýaly ýaltalyk bilen ýerlerinden turdular-da, dillerini sallaşyp beýleki bir toparyň duran ýerine tarap seňkildeşip gitdiler. Käte bolsa bir

ýere üýşüp özbaşlaryna keltejik «maslahat» etdiler. Özlerine sala salynmaýandygy üçin kine edýän ýaly adamlara tarap gyýa-gyýa garaşdylar.

Towuklara näme, düýn öýländen bäri şolaram guzlamalaryny goýdular. Horazlardanam ses-üýn çykanok. Sakgallaryny sallaşyp, abşanaklaşan bolşup ýörler. Umuman, bütin dünýäni elhenç bir petiş howa gaplap aldy.

Şeýdip bir gün geçdi. Ertesi öýlänaralar Bamy tarapdan bir bölek atly göründi. Muny ýaşulylara habar berdiler. Olary Dykma serdar dagydyr öýdüp, Gurbanmyrat işan uludan demini aldy. Gulbatyr serdaram alyp daş çykdy. Serdar ýola tarap ýiti-ýiti seretdi-de:

— Aý, ýok, olar-a däl. Başga adamlar. Özlerem gaty ýadaw. Aýaklaryny zordan alýalar, aralarynda pyýadalaram bar – diýdi.

Oňa çenlem atlylar golaýlaşdylar. Olaryň bolup gelişleri dogrudanam elhenç bir zatdan gorkana meňzeýär. Hemmesiniň ýüzi howsalaly. Göwreleri argyn. Sus. Derden ýaňa eşikleri öl-myžžyk. Üsti-başlary tot-tozan. Edil ajalyň agzyndan sypan ýaly. Hatda münüp gelýän atlaram boýunlaryny sallaşyp zordan ätleýärler. Has golaýa gelenlerinden soň aralarynda ýaralylaryňam bardygy belli boldy.

Gurbanmyrat işanyň yşarat etmegi bilen, nökerleriň bäş-on sanysy olara kömege ylgady.

Ýaralylary heniz göçüp ýetişmedikleriniň öýlerine, sygmadyklaryny jaýlaryň kölegelerinde ýerleşdirdiler. Tebipçilikden baş çykarýanlary kömege çagyrdylar. Bolşuna görä däri-derman etdiler.

Tanyşmy ýa daşyndan tanaýamy, ullakan gözleri peträp duran, kirpikleriiň ujy geňler galaýmaly suratda çowly, irimçek göwreli, gyrçuw gara sakgally, kyrk ýaşlaryndaky garaýagyz bir kişi salam-helik ýok, atdan düşüşi ýaly agsaklap, towsaklap Gurbanmyrat işana tarap ylgady. Gelşi ýalam demi-demine ýetmän gürläp başlady.

— Bizi taladylar, işan aga. Orslar taladylar. Juda bek taladylar. Hojagala bilen Margyzyň arasynda çopanlary goraglap ýörkäk üstümize döküldiler. Biz garşylyk görkezdik. Ýöne, olar köplük ekenler. Tüpeňlerem atgyr. Golaýyna getirmän, ep-esli aralykdan bagryňy garaldyp durlar. Köpümiz öldi. Biz bir topar meýit bilen dört müň goýny taşlap gaçmaly bolduk. Olar bizi Bendesene çenli kowaladylar. Biz ol ýerde eglenmän, Bama gaýtdyk. Atly gazaklaram pyýadalaryny Bendesende goýdular-da, özleri toplaryny süýreşip ýene-de yzymyza düşdüler. Biz Garaseňňere gaçdyk. Oňa çenli sanymyzam ep-esli azaldy. Garaseňňerde iki ýüz sany atly gazak yzymyzdan ýetip, daşymyza aýlandylar. Ýalşynmaýan bolsa şolaryň hemmesi dagystanlylardy. Sebäbi, öz aralarynda türküçe geplänlerini eşitdik. Doly aňşyrmadyk welin, bizedem-ä bir zatlar diýip gygyryşýardylar. Biz gabawdan çykmak üçin ýalaňaç ellerimiz bilen olaryň üstüne

çozduk. Hern-ä atlarymyz alyp çykaýdy, ýogsam o ýagdaýda biz gabawy böwsüp bilmezdik. Ine, işan aga, şeýdip zordan başymyzy gutardyk. – Ol elini egwar görnüşde duran ýa ýere çöküp oturan ýoldaşlaryna tarap aýlap goýberdi. – Kyrk-elli adamdan galany ine, şular. Orslarda rehim-şepagat ýok ekeni, işan aga. Keýp edip gyrýalar. Öz edýän işlerinden lezzet alýalar. Garaseňňerde-de olar azyndan üç-dört müň goýny-ha ele salandyrlar. Sebäbi, ol ýeriň çopanlary goragsyz ekeni.

— Şol ýerde olar üç ýüzden gowrak düýe-de sürdüler – diýip, geleli bäri bir elinde atynyň jylawyny saklap, beýleki eli bilenem maňlaýyny tutup dikejegine oturan bir ýigit sesini gyryljyradyp gepledi. – Bamydan soň olaryň bir bölek atlysy Nyýazdepe obasyna tarap gitdi. Ýaňy ýolda eşitdik, Nyýazlylar olara berk gaýtawul beripdirler. Ýöne, köp adamlaryny ýitiripdirler. Giden malyň hasaby bolsa iki müň goýup bilen dokuz ýüz düýe diýdiler.

— Gele-gelmäne jemi on müň goýun bilen müň iki ýüz düýäni ele salan bolsalar biziň salgydymyzy başlaryna ýapsynlarmy – diýip, bir beýik daragt ýaly howalanyp duran Gulbatyr serdar uzaklara seredip durşuna aýtdy. Biliner-bilinmez ýylgyrdy. – Gowurdak edip öýlerine iberäýmeseler özler-ä iýip gutarybilmezler, onça maly.

— Aý, tutuş Garagumy goýundan dolduryp bereniňde-de doýarlykly däl olar, serdar aga. Ondaňam olar eýýäm Ahalyň özünem, malynam, mülkünem, adamlarynam özleriniňki hasap edip ýörler.

— Ýolda-yzda biziňkilere duşmadyňyzmy – diýip, Gulbatyr serdar gürrüňiň terzini çalaragam bolsa üýtgedip goýberdi.

— Düýn Dykma serdar daga duşduk. Gepleşige barýan ekenler. Olara-da bar zady bolşy ýaly gürrüň berdik. Olar bizi size tarap ýolladylar. Baryberiň, bizem basym barýas, diýdiler. Ine-de ýata-tura gelşimiz.

— Garabatyr daga duşmadyňyzmy?

— Ýok, duşmadyk. Megerem olar uly ýoldan sowarak gezýän bolsalar gerek.

Gulbatyr serdar süňňi larşan gala ýaly tutuş göwresi bilen yraň atdy.

— Maňa gulak assaňyz-a, işan aga Garabatyram çagyraga-da, başymyz birkä olaryňam yzy gelip ýetişmänkä, üstlerine çozmaly-da, ähli mallary yzyna almaly.

Gyrçuw sakgally kişi arka tapynan ýaly Gulbatyr serdara tarap owsundy.

— Wah, bir, şeýdeliň-le şony. Aslynda-da biz şony haýyş etmek üçin şunça gün bäri sizi gözläp ýörüs. Iň bolmanda wepat bolan ýoldaşlarymyzyň bir aryny alalyň. – Ol Gurbanmyrat işanyň alkymyna dykyldy. – Bir, ak pata beriň, işan aga! Bir, döküleliň-le şolaryň üstlerine! Bir, göz görkezeliň-le! Onsoňam olar satan düýelerini yzyna alan ýomutlaram gyrdylar. Şu wagt barsak şolaram bize goşulýalar.

— Beýtsek ýitgi öňküdenem köp bor – diýip, Gurbanmyrat işan agyr oý içinde aşak bakyp durşuna adaja seslendi. – Onsoňam bu wagt biziň ilçilerimizem olaryň elinde. Olaryň ýagdaýlarynyňam bulaşmagy mümkin. Galyberse-de muňa uruş diýýärler, ähli zady gyssagara çözübem bolanok. Men ýeke özüm asylam çözüp bilemok. Maslahat bolsa tizara gala ýygnanmagy karar etdi. Ilatam göç üstünde. Uruş ana, şol ýerde boljak. Sizem gidiň-de, gören-eidenleriňize aýdyň, goý, hemmeler gala ýygnansynlar. Ýagyny gaýtaranymyzdan soň, alnan mallaryň hemmesini eýeli-eýesine bereris. Wepat bolanlaryňam näme, jaýlary jennetden bolsun. Il bähbidini, halk emlägini gorap şehit bolmak sogapdyr.

Gurbanmyrat işan kelteräk doga okap elini ýüzüne syldy. Gahardan, namysdan ýaňa iki baka tolgunyp duran Gulbatyr serdaram şeýtdi. Gyrçuw sakgally kişem, onuň ýoldaşlaram, göwünli-göwünsizrägem bolsa ellerini galdyrdylar.

Şondan soň olaryň barysynyň bady gaçdy. Umyt aýnalary daşa degem deý çym-pytrak boldy. Telim gün bäri ýol ýöräp, edip gelýän tamalarynyň bir ujy baryp torаňňa daňyldy. Onda-munda nägileçilikli sözler, „yňňyl-çyňňyl» eşidildi, ýöne, barybir netije çykmajakdygyna gözleri ýetensoň gaty bir dyzabam durmadylar.

Şol wagtam Bamy tarapdan Gökdepä barýan uly göçüň ilk-ä tozy, soňam özi göründi. Hemmeleriň nazary şol tarapa gönükdi. Olaryň golaýlaryna sabyrsyzlyk bilen garaşdylar. Birneme ýakynrak gelenlerindenem hälki gyrçuw kişi böküp bir ädim öňe süýşdi-de:

— Bular biz obaň adamlary, Bamylylar – diýdi.

Bosgunlaryň bolup gelişleri gaharly. Ýüzlerinde gazap ody ýanyp dur. Üýşüp duranlaryň arasynda han-begleriňem bardygyny bilensoňlar-a olar içki harasatlaryny gizlejegem bolmadylar. Esasanam ýaşuly adamlar käýinmäge ilgezek boldular. Olaryň biri Gulbatyr serdara tarap barmagyny çommaltdy-da:

— Bigaýratlar! Nämüçin obany ýaga taşlap gaýtdyňyz? Ýaryňyz galaýanyňyzda bolmadymy düýn şo ýerde? Duşmanyň söbügiňizi sydyrdyp gelýänini bilip gaçan ekeniňiz-dä.

Bir ýaşrak gelinem ýaşmagyny aşagrak düşürdi-de, bilezikli ak gollaryny hälki gelen bir bölek atla tarap galgadyp goýberdi.

— Şolarça-da bolmadyňyz! Çopanlarça-da iş bitirip bilmediňiz. Olar sürülerini gorap heläk boldular, siz bolsaňyz...

— Basymrak göçüň, diýip aýdyl-da size! Göterilibermeli ekeniňiz-dä biziň yz ýanymyz bilen – diýip, Gurbanmyrat işan gaharly seslendi. – Bendesenliler düýn göçdüler. Näme üçin haýal-ýagallyk etdiňiz?

Başga bir ýaşy durugşanrak, köneräk bürenjekli, bir gözi gymşygrak aýal sesini örküji tüňňerilip duran ullakan burnunyň içine salyp:

—Äý, bolýa-da siziňkem... – diýdi-de, duşlaryndan geçiberdi.

Göçüň soňy tamamlanyberende, gyrçuw sakgally kişem ýoldaşlary bilen Bamylylaryň yzyna düşdi. Ýöne, olar öýlere girip ýaralylaryny almany hem unutmadylar.

Bu ýagdaý Gulbatyr serdaryň namysyny öňküdenem beter joşdurdy. Onuň şol wagt ýeke özi gitmelem bolsa duşmanyň mallara talaň salan böleginiň üstüne atlanasy, baryp olar bilen darkaş gurasy, mallary ellerinden alyp eýelerine gowşurasy geldi. Ýöne, hyýal-hyýal bolýar. Bir adamyň agyr goşunyň garşysyna edibiljek zady ýok. Onsoňam, Gurbanmyrat işanyň aýdyşy ýaly her kim özüçe hereket ediberse ondan düzgün bolmaz.

Ol Gurbanmyrat işanyň:

— Beh, eglendiler-aý... – diýen sözüne özüne geldi. Gürrüň kimler barada barýandygyna düşünip o-da Dykma serdar dagynyň düýnki giden ugruna tarap seretdi. Ýöne, ýaňky geçip giden göçegçileriň galdyryp giden goýy, çal tozanlaryndan başga hiç zada gözi düşmedi.

## 12. Iwaşow talaňçylyga garşy

Soldatlar öňem iýer-içerden nalar ýaly däldiler. Bol-elin berilýän turşy kelemli çorbadan başga-da, her günde, her kime bir ýarym gadak goýun eti, bir gadak gowrak kakadylan nan, ýarma, gerçka, her dürli konserwalar, çaý, gant şeýle-de çaý kislotalary berilýärdi. Ýöne, olaryň hiç birem täze soýlan ganlyja etiň ornuny tutup bilmeýärdi. Bendesenden geçip, Ahal ülkesine gadam basyşlary ýaly, awangard tarapdan çopanlaryň üstüne edil şowly talaňçylyklardan soň welin, mundan buýana diňe täzeje goýun etinden, isledigikleriçe iýip gönenjekdiklerine soldatlaryň gözleri ýetdi. Bu ýagdaý olary Ahalteke ýörişine hasam ruhlandyrdy.

Ýöne, soldatlaryň arasynda ol mallaryň diýdimzorlyk bilen ele salynandygyna, bu ýörişiňem Çekişlerde nygtap-nygtap aýdyşlary ýaly Ahal ülkesine parahatlyk getirmek, türkmeleri eýranlylardan, iňlislerden goramak ýa ýomut türkmenlerine arka durmak maksady bilen geçirilýän ynsanperwerlikli ýöriş däldigine-de göz ýetirip ugranlaram az däl. Şeýle-de bolsa, olar bu barada dil ýaryp bilenoklar. Hatda biri-birleriniň ýanynda derdinişibem bilenoklar. Çünki, bu gadagan. Oňa hemmelerem düşünýärler. Hut şonuň üçinem, başda, goşun düzülende-de şol zatlary göz öňüne tutup, her bir soldaty hemmetaraplaýyn barlap, synaglardan geçirip, iştimaýy? gelip çykyşlaryna çenli öwrenip alypdyrlar.

Esasanam, ýap-ýaňyja bolup geçen rus-türk urşuna, Hywanyň, Buharanyň, Kokandyň boýun egdirilişine, Gazawat gyrgynçylygyna gatnaşan, türki halklar bilen tutluşmakda tejribesi bolanlar seçilip alnypdy.

Talaňçylyk bilen sürlüp getirilen şol mallary mal etmek üçin gyşyň çapgyn aýazynda, tomsuň jokrama yssysynda enäp-tenäp ençeme ejirler çeken, ellerinde çopan taýagyndan başga hiç zady bolmadyk adamlaryň gaýa-gopuz ýok ýerden birehimlik bilen çapylyp, ellerinden mallarynyň alnyp gaýdylmagy, Iwaşow ýaly pukara maşgalada ösen oba oglanynyň ynsabyny hasam ynjytdy. Iru-giç özüniňem şol işi edenleriň biri hasap ediljekdigini duýmakdan ýaňa dünýäsi daraldy, howpurgap töweregine garady. Iň bolmanda Çata gidip, şol ýerdäki kiçijik ybadathana barasy, Isa pygamberiň suratynyň öňünde dyza çöküp, şu edilýän işleriň hiç birine-de özüniň dahylly däldigi barada uzyndan-uzyn mynajatlar edesi, ötünç sorasy, toba kylasy geldi.

Birdenem onuň gözleriniň öňüne kä ýerlerinde ýokarsy çürelip gidýän gök sosna agaçlary ösüp oturan, galan ýerleri günüň şöhlesine ýaldyraşýan gök gyrtyja beslenen baýyrlyklaryň ýüzünde ösgün ak tüýli, ýekeje geçisiniň bagyndan tutup oturan başy kiçijik ak ýaglykly, egni göwşüllän gök jir köýnekli garryja aýal geldi. Birdenem ol baýyrlyklaryň aňyrsyndan bäş-on sany gyýak gözli, tegelek ýüzli, çekge süňkleri somalyşyp duran ýat adamlar aşaklaryndaky kiçijik atlatyny debsileşip çykdylar-da, ala-goh bolşup kempire tarap at goýdular. Baryşlary ýalam sen-men ýok ony gylyçdan geçirdiler. Geçiniňem at üstünden şahyndan çekip aldylar-da «lägirdip» öňlerine basdylar. Gana bulaşyp ýatan kempire nazaram aýlaman, gelen yzlaryna bakan gykuwlaşdylar ötägitdiler. Ho-ol aňyrda billeri alabeder bolup görünýän sosna agaçlarynyň arasyna barybam atdan düşdüler. Atlaryny ota goýberip özleri geçini bogazladylar. Ot ýakdylar. Täzeje eti çygar çybyklara düzüp kebap bişirdiler. Iýdiler. Düşnüksiz saýry dilde gürleşdiler. Tulumlaryndan toýun okaralaryny guýup şerap içdiler. Mes boldular. Aýdym aýtdylar. Daş-töwerekleri geçiniň syrdalyp iýlen akja süňkjagazlaryndan dolansoňam arkan düşüp garynlaryny Güne çoýdular. Hä diýmänem uka gitdiler. «Horrampaç» oýnadylar. Gün batyberendenem ala-hasyrdy bolşup turdular-da, häliden bäri töwereklerinde gybyrdyklaşyp ýören pessejik atlaryna atlanyp, täze-täze oljalaryň, täze-täze pidalaryň gözlegine gitdiler.

Kempir bolsa taşlanan köne köýnek ýaly henizem ýer bagyrtlap ýatyr. Ýaz ýeliniň ýelginine käte bir çal saçlary galgap gidýär diýäýmeseň hiç-hili hereket ýok. Ýüzüniň ýygyrtlary bolsa gatan gandan doly. Gözleri açyk. Agyzlary pugta ýumulgy.

Alasarmyk halda irkiljiräp oturan Iwaşow ony öz ejesidir öýdýär. Ýöne, baryp bilenok. Sebäbi ara daş. Alty ýüz ýyl dagy bar. Çünki, ol atlylar Çingiz

hanyň atlylary. Olar häzir rus topragyny «özleşdirip» ýörler. Olaryň şol «özleşdiriş» syýasatlarynyň şondan soňam ýene iki ýarym asyrdanam gowrak wagta çekjekdigi aňyna gelenden Iwaşow tisginip oýdan açyldy. Gözlerini owkalaşdyryp töweregine ser saldy: Soldatlar henizem türkmenlerden talanyp alnan goýunlaryň etinden symyşlaşyp otyrlar. Akja süňkler bolsa «pat-pat» edişip kä oňa, kä muňa düşýär. Edil, Iwaşowyň ýap-ýaňyjak hyýalyndaky gören hadysasy ýaly. Has takygy edil, alty asyr mundan ozalkysy ýaly. Üýtgän zat ýok. Hemmesi kybapdaş. Hemmesi şol bir zat. Daşky keşpleri, eşikleri üýtgeşik diýäýmeseň, edýän hereketlerinde şularyňam Çingiz hanyň goşunyndan tapawutly ýerleri ýok. «Giň ýeriň gürrüňçiliklerinde bular türkmenleri alamançylykda aýplaýarlar. Özlerini olary terbiýelemäge barýan adamlar hökmünde görkezmäge çalyşýarlar – diýip, Iwaşow içinden pikir öwürdi. – Aýdyşlaryna görä, Ahalyň baş serdary Dykma-da öz wagtynda baryp ýatan alamançy bolupdyr. Alamançylykda bolsa oljadan başga adamam öldürilýärmişin, ýesirem alynýarmyşyn. A biziň edip ýören talaňçylyklarymyz näme? Biziň awangardymyz bäş sany goýun üçin näçe adam öldürdi? Eýelerini öldürip, şonça maly sürüp getiren knýaz Dolgorukiniň, polkownik Wasilçikowyň, poruçik Slawoçinskiniň Dykma serdardan näme tapawudy bar? Ýa-da garry rus kempirini öldürip, ýekeje geçisini iýen mongollardan näme tapawutlary bar? Onsoňam türkmenler-ä diňe «öwezalaman» edýärmişler, degmedige degmeýärmişinler, biziň munymyz welin öwezalamanadam-a girenok. Egerde biz Dykma serdary terbiýelemäne barýan bolsak, onda bizi kim terbiýelemeli? Ýa birini alamançylyk, beýlekisini mugyra getirijilik diýip atlandyranyň bilen üýtgeýän zat barmy? Ýa-da ine, Gökdepä barsak, gala hüjüm etsek, adam öldürilmezmi, öý talanmazmy, çaga-çuga ýetim galmazmy, gelinler ýan ýoldaşlaryndan, gyzlar söwer ýarlaryndan aýrylmazlarmy? Jaýlar ýumrulmazmy? «

Aleksandr Iwaşow şondan soň, Nyýaz obasyna edilen talaňçylyk wagty poruçik Slawaçinskiniň mundan bäş gün öň, otrýadyň yzyna düşüp gelýän söwdagäriň goýnuny bakyp ýörkä tekelere ýesir düşen bir soldaty tapyp getirişini ýatlady. Ony bütin otrýadyň öňüne çykaryp, tekeleriň özüni nähili horlandyklary, urup-sögebdikleri, aç-hor saklandyklary barada gürrüň etdirdiler. Ol: «Aýagyma gandal urdular, gollarymy bukawladylar, şu bäş günüň içinde men tutuş obanyň güýmenjesine öwrüldim. Agşamlaryna sygyr dölede ýatyrýardylar we uly-kiçi, aýal-erkek barysy daşyma üýşüp tä, agşama çenli üstümden gülýärdiler, urýardylar, sökýärdiler, ýüzüme  tüýkürýärdiler. «Musulmançylygy kabul etseň degmäli diýýärdiler. Has beterem gündizine, erkekler işe giden mahaly aýýalar jebir berýärdiler» diýip, agzyna gelenini samahullady. Hakykatda welin onuň aýagam gandally däl ekeni, golam bukawly däl ekeni. Slawçinskä gabat gelende-de, ol obanyň içinde erkin tussag hökmünde gezip ýör ekeni. Bu zatlary ýeke galan

wagty içine sygdyryp bilmän, onuň özi Iwaşowa gürrüň berdi. «Hiç kime aýdaýma» diýibem sargady. Elbetde, özlerinde tekelere garşy gahar-gazap döretmek, üçin, o zatlary oňa ofiserleriň mejbury suratda aýtdyrýandyklaryny gürrüň berýän mahaly onuň sözleri kynlyk bilenjemleýşinden soldatlaryň özlerem aňdylar.

Şol zatlary aňynda aýlap oturan Iwaşow: «Bar, onuň aýdanlary çynam ekenidä – diýip, öz ýanyndan ýangynly gepledi. – Ýöne, biz näme üçin özümize degen ýekeje şarpygam gaty görýäris-de, özümiziň ile urýan urgularymyzy Watan öňündäki mukaddes borç hasap edýäs? Näme üçin özümizi eldegirilmesiz hasap edýäs-de, türkmenlere islendik wagty üstlerinden basyp ötübermeli nadan halk hökmünde garaýas? On düýäň bahasyny kime iýdirendigini bilmän kyn güne galyp otyrka puluny yzyna getirip berendikleri üçin türkmenleriň arassa, ahlakly halkdygyna haýran galyp ýören Nawroskiý bolsa, ine, ýap-ýaňyja iki ýüz atly bilen bir raketa batereýasyndan ybarat jeza beriji otrýada baş bolup, günbatara, ak atabaýlar bilen japarbaýlaryň üstüne gitdi. Nämemişin, ýomutlaryň şol taýpalary tekeleriň üstüne çozjakdygymyzy bilip, bize iş maly hökmünde satan düýelerini sürüp äkidenmişler. Eýsem-de bolsa, mongol çozuşlary wagtynda dagynyk oturan ors knýazlyklary üstlerine howp abanandan soň bir ýere birikmedilermi näme? Şonda olaryň Watançylyk duýgulary özara oňşuksyzlyklardan üstün çykmadymy näme? Şeýle bolsa biz näme üçin dagynyk oturan türkmen taýpalarynyň şular ýaly kyn pursatda birek-birege gol uzatmaklaryny bidüzgünçilik hasap edýäs? Näme üçin güýjümize baýrynyp olara jeza berýäs? Gyrýas?! Mallaryny ellerinden alýas?!...»

Remýuryň şkalasy boýunça elli gradusdanam geçýän yssydan ýaňa halys eňki gideňkirlän Iwaşowy şolar ýaly oý-pikirler hasam egbarlatdy. Ýadawlyk bijaý basmarlady. Iň ýamanam ýaňky ýaly çözülmesi kyn bolan soraglar serini sämetdi, ysgynyny aldy, tapdan düşürdi.

Ol çadyra girip süýnäýenini kem görmedi.

Şol gün öýlän sagat bäşlerde, baş ştab bilen bilelikde, täze komanduýuşiý, general Lomakiniň özem Hojagala geldi. Ähli ofiserleri ýygnap, haýal etmän Ahala çozmak barada gyssagly geňeş geçirdi.

Azyk-suwluk, ot-iým ýaly zerur bolan zatlardan şaýymyzy tutmak üçin Hojagalada üç hepde dagy ýatmaly borus öýdüp gaýga galyp ýören soldatlaryň bu habardan duran-duran ýerlerinde dim-dik boldular-da: «Ur-ra-a...» diýşip, gygyryşdylar. Diriň-diriň böküşdiler. Aýgytly pursatyň ýetip gelendigi

mynasybetli biri-birlerini gutladylar. Iwaşowam gutladylar. Çurkin-ä aýlanyp-öwrülip gelip ony telim gezek dagy gutjakladam. Çadyrdan-çadyra sümlüp, ol topardan bu topara tarap daz ýasap ýörüşüne ol:

— Aýtdym-a men! Ýöriş hökman dowam etdiriler diýdim-ä – diýip, hemmeleriň bizar peteňini çykardy. – Özüňizem zady gaýgy etmäň. Ine, hä diýmän Gökdepä bararysam, ýüzümiziň ugruna ony alarysam.

— Sen aýtmanyňda-da ýeňşiň bizlik boljagyna şübhelenýän ýok, şu adamlaryň içinde – diýip, kä ýerde onuň badyny alanlaram boldy. – Bizem çöregi ýeňsämizden iýemizok, ras, ýola çykdykmy, diýmek, ýeňeris...

Ýene biri oňa gop berdi.

— Rus ýaragynyň badyndan tutuş Ýewropa titräp durka, çölüň içinde çöpe çolaşyp ýören, bitaý çokaýly, tentek tekeler dagy nämemişin? Biz Aleksandr Newskiniň, Mininiň, Požarskiniň, Pugaçewyň nesilleridiris...

— Ilýa Muromesiňkem diýsene – diýende, çyparja, jüýkburun, Çurkiniň kiçijik gözlerinden uçgun syçrady. – Alýoşa Popowiç, Nikita Dobrynin dagynyňam atlaryny tutsana.

Gazanyljak ýeňişi alynjak oljalar barada şondan soňam köp-köp, agyz suwardyjy gürrüňler edildi.

Şol şatlygyň yzy şol gün soldatlar üçin kiçijik bir baýramçylyga öwrüldi. Tä, Gün ýaşýança baýryň üstünde orkestr saz çaldy. Onuň göçgünli owazy soldatlaryň söweşjeňlik ruhlaryny hasam belende göterdi.

Agşamyň düşmegi bilen onda-munda ot ýakyldy. Soldatlar oduň başynda tä, gijäniň bir mahallaryna çenli aýdym aýtdylar. Tans etdiler. Dagystanly meýletinçiler-ä asla ýatmadylar diýen ýaly.

... Ertesi atly goşunyň bir bölegi, hem-de general Borhuň pyýada kolonnasy Hojagaladan çykyp, Bendesen sary ugur aldy. Baş ştab we baş serkerdäniň özem şol otrýad bilen bilelikde ugrady. Galan bölümlere ertesi ugramaklyk tabşyryldy. Knýaz Dolgorukiniň awangardy bolsa, eýýäm ilaty göçüp giden Bendesende garaşyp ýatyrdy.

Goşun Bendesene baranda, polkownik Nawroskiniň jeza beriji otrýadam şol ýere dolanyp geldi.

Şol otrýada gatnaşyjylaryň hili bir iş bitiren adamlar ýaly agyzlaryny suwjardyşyp gürrüň bermeklerine görä, olar ak atabaýlaryň üstüne duýdansyz dökülip, iki obany talapdyrlar, parahat oturan ilaty zir-zöwran edip, derde ýarar

ýaly goş-golamlaryny, mal garalaryny, azyk-owkatlaryny ellerinden alypdyrlar. Adamlaryň gaçany-gaçypdyr, gaçyp ýetişmediklerini bolsa gylyçdan geçiripdirler. Gürrüň şu ýere ýetende, kazaklaryň käbirleri ýerlerinden turýardylar-da, gollaryny saga-sola galgadyşyp: «p-p-a-as... «, «ka-ak...», «ta-ak...» diýşip oba ilatyny nähili çapandyklaryny uly lezzet bilen suratlandyrýardylar. Käbirleri bolsa gaçyp gidenleriňem yzlaryndan ýetip neneňsi kerçändiklerini aýdyp magtanýardylar. Nawroskiniň özi bolsa şol ýerde ele salan iki müňe golaý düýesini kiçeňräk bir otrýad bilen Hojagala ugradyp, özi galan atlylary bilen Gyzylarbada gaýdypdyr. Emma, ilat eýýäm o ýerdenem göçen ekeni. Diňe garry-gurty, çaga-çuga, aýal-abtat galypdyr. Polkownik şol ýerden Köpetdagyň kötel ýollaryny söküp yzyna, Hojagala gaýdypdyr we gaýrat eden hökmünde ol ýerde az-kem dynç alyp, ertesi irden, otrýadyň galan bölekleri bilen bilelikde esasy goşunyň ýygnanan ýeri bolan Bendesene dolanyp gelipdir.

Bu gürrüňler Iwaşowyň ozalam başyndan sowlup gidibermeýän agyr hem çözülmesi kyn bolan oý-pikirleriniň howsalasyny hasam artdyrdy. Köräp duran körügini hasam kowsarlatdy...

Soldatlary nyzama çagyrýan surnaýyň sesi soldat Iwaşowy oý-aladalardan aýňalmana mejbur etdi.

General Lomakin şol günüň özünde Lazarowyň hatyrasyna parad geçirdi. Soň soldatlara doga okatdy. Ondan soň goşuny nyzama durzup, Ahal ülkesine çozmak baradaky buýrugy okady. Şonda ol henize çenli hiç kime boýun egmedik teke türkmenlerini Orsyýede tabyn edip, Hindistana, Owganystana geçjek söwda ýolunyň asudalygyny üpjün etmekligi Hökümdar Imperatoryň hut özüniň höküm edendigini aýtdy.

— Geçen kampaniýa döwründe siziň bir bölegiňiz Anatoliýanyň giňişliklerinde, beýlekileriňiz Çeçenistanda we Dagystanda deňi-taýy bolmadyk edermenlik görkezdiňiz – diýip, ol soldatlaryň şatlykdan ýaňa uçganaklap duran gözlerine seredip joşgunly gürledi. – Siziň şol hyzmatlaryňyza men gözli şaýat. Şonuň üçinem, Merhemetli Hökümdarymyzyň ynamyny ödejekdigiňize-de, bu sogap işde sizi Biribaryň goldajakdygyna-da ynanýan...

Soň ol tomsuň güni gyzgyn ülkede geçiriljek bolýan bu çäräniň ýeňil bolmajakdygyny, ýöne, her bir soldatyň çydamlylygyna, sap ýürekliligine bil baglaýandygyny mälim etdi. Guramaçylyk, harby, tehnika taýdan gowşak bolsalaram, türkmenleriň iňňän batyr, edermen halkdygy, ýyndam atlarynyň bardygy, duýdansyz durkaň peýda bolup, agyr zarbalar urýandyklaryny, birdenem gürüm-jürüm bolýandyklaryny gizläbem durmady.

Dek-düýnüň özünde awangardyň Ahal hany Berdimyrat hanyň goşuny bilen dar jülge-de çaknyşandygy, şonda Guşly batyryň duýdansyz ýerden çykyp iňňän

ökdelik bilen söweşendigi, goşuna başagaýlyk salandygy, birdenem barysynyň garasar sürüsi ýaly göterilip gidendikleri baradaky habar bilenem general soldatlary tanyşdyrdy. Şolar ýaly duýdansyz hereketlerini olaryň islendik pursatda gaýtalap biljekdiklerini nygtamak bilen, her dem hüşgär bolmaklygy, şeýle hem keselçiligiň öňüni almak üçin çig suw içmezligi, ulaglary aýawly saklamaklygy tabşyrdy.

Gündiz sagat ikide awangardyň, üçde bolsa dragunlaryň, şeýle-de baş ştabyň hem-de hut özüniň Gökdepä tarap ýola düşjekdigini aýdyp sözüni tamamlandanam, oňa Dykma serdaryň ýolbaşçylygynda türkmen ilçileriniň gelendiklerini habar berdiler.

## 13. Dykma serdar Lomakiniň ýanynda

Daýanykly boýuna gelşik berip duran gür sakgally, iki tarapdan inip, sakgaly bilen bile aşaklygyna utgaşyp gidýän çalymtyl ygyş mutly, balkyldap duran gözlerinden mähir nury seçelenip duran, elli sekiz ýaşly serdary general Lomakin özi üçin dikilen gara öýde güler ýüz bilen garşylady.

— Hoş gördük, hormatly serdar – diýip, ol gündogar däbi boýunça iki elinem bilelikde uzadyp görüşdi. Öýüň ortasynda duran kiçeňräk, tegelek stoluň başyndaky eplenýän, ýol oturgyçlarynyň birini myhmana golaý süýşürdi. – Oturyň! – Myhman oňaýsyzlyk bilen oturansoň özem oturdy. Oýkajyrap oturgyjyny oňa golaý süýşürdi. Terjimeçisi bolsa gerek, gapynyň agzynda garaşyp duran togalak kelleli, giň maňlaýly, tegelek ýüzli, boýy ortadanam pesräk at üstünde uzak gezen soldatlarda bolşy ýaly aýaklary abşarylyp duran dagystanlydygyny soraman biläýmeli soldata «bäri gel», diýen manyda yşarat etdi. Soldat abşanaklap golaýyna gelensoň, maňlaýynyň derini elýaglygy bilen süpürip oturşyna Dykma serdaryň ýüzüne täzeden garady. – Men siz hakda köp eşitdim. Örän köp eşitdim. Ors hökümedi bilen ylalaşykly ganaşyklar açmak ýaly ajaýyp pikirleriňiziň bardygynam bilýän. Şonuň üçinem biz sizi hormatlaýas. Özümize dost saýýas. Görüşenime bolsa örän şat. Maňa habar berişlerine görä siz biziň bilen gepleşik geçirmäge gelipsiňiz. Aýdyberiň, men sizi diňleýän.

Soldat çalgyrt türki dilde terjime edenden soň Dykma serdar oturgyjyň üstünde oýkanjyrady-da:

—Jenap baýar... – diýdi.

Terjimeçi oňa düzediş berdi.

— Baýar däl, general. Jenap general.

— Jenap ýanaral...

— Ýanaral däl, general.

Gaharynyň gelendigini bildirmezlik üçin, Dykma serdar özüne zor salmaly boldy.

— Jenap gynyral...

Terjimeçiniňem sesi bu gezek öňküerine görä batlyrak çykdy.

— Gynyral däl, general!

Lomakin: «azar berme» diýýän manyda terjimeçä tarap sag eliniň aýasyny ýaýdy. Ýaýkalady. Soň eglip, sol aýasyny Dykma serdaryň egnine goýdy.

— Nähili aýdanyňyzda amatly bolsa, şonuň ýaly aýdyberiň, hormatly serdar.

— Biz siziň bilen gaýybana tanyş, jenap ýanaral-gynyral Lazar...

Terjimeçi ýene-de ara dümeli boldy.

— Lazarow däl, Lomakin. General Lomakin.

Dykma serdar ilk-ä terjimeçiniň, soňam Lomakiniň ýüzüne soragly seretdi!

— Siz näme, şo-ol, Çekişlerden maňa hat ýazan Lazar dälmi?

Lomakin başyny ýaýkady. Çokundy.

— Jaýy jennetden bolsun, general Lazarew ýogaldy. Näme habaryňyz bolsa maňa aýdyberiň, men şonuň ornuna. Şu goşunyň baştutany.

— Be-e... Imany hemra bolsun, bendäniň... – Dykma serdar gysgajyk doga okap elini ýüzüne syldy. Aslyýeti musulman bolansoň terjimeçem şeýtjek boldy-da, generalyň sarsman oturanyny görüp goýbolsun etdi. Dykma serdar aýgytly görnüşe girip pert-pert gürledi. – Maňa tabşyrylan zat şü, ýanaral-gynyral... – ýene-de sözüniň bölünäýmeginden ätiýaç edýän ýaly ol çep gulagy bilen dilmaja tarap diňşirgendi, ondan hiç hili zowal ýokdygyny bilibem sözüni dowam etdirdi. – Ahal iliniň ýaşulylary şeýle karara geldiler: ýagny, ilat ors hökümedine birbada lükge puly hem-de her ýyllyk salgydy siziň kesgitlän möçberiňizde tölemäge taýyn. – Serdar azajyk aşak bakyp oturansoň, gözlerini tegeläp generalyň iki gözüniň içine seretdi, sag eliniň süýem barmagynam ýere çommaltdy-da, kesgin gürledi. – Ýöne, Ahala girmeli däl.

— Hm-m... – diýip, eýýämhaçan ýaňkyja keýpinden nam-nyşan galmadyk general çym-gyzyl bolan ýüzüni bir gapdala sowdy. Soňam zoraýakdan ýylgyrdy. – Znaçit kontribusiýa... – Birdenem ýüzi açyldy-da, edil başdakysy ýaly alçaklyk bilen, ýöne, mekirleç gürledi. – Salgydyň möçberini kesgitlemek üçin biz siziň halkyňyzyň sanyňyz, oba, öý sanyny bilmeli. Ýogsa-da, siziň özüňiz bir bilýäňizmi o zatlary?

— Bilýäs, bilýäs, hemmesinem bilýäs. Hemmämizem bilýäs. Men özümem bilýän. Gerek bolsa men ony ýatdanam aýdyp biljek – diýip, Dykma serdar

duşmanyň öňünde tutuş Ahalyň harby syryny açýandygyndan bihabar, sadalyk bilen ýüregini döküp başlady – Ahalyň öý sany ýigrim iki müňdir, ilaty bolsa...

General:

— Azajyk saklanyň... – diýdi-de, ýeňillik bilen ýerinden turdy. Öýüň täriminden asylgy, mele gaýyşdan tikilen ýol planşetini alyp, içinden bir toplum kagyz çykardy, barmaklary bilen gatlaryny dörjeledi. Ahyram birini sogrup aldy-da, oňa uzak wagtlap seredip durdy. Soň ýene-de ýerinde goýdy. Özem gelip öňki ýerinde oturdy. Gökje gözlerini ýyldyradyp ýylgyrdy. Aýasy bilen eňegini sypalady. – Biziň maglumatlarymyza görä-hä Ahalda azyndan otuz-kyrk müň öýli bolmaly.

— Ýok, ýok, beýle däl, ol ýalňyş-ş... – Dykma serdar oturan ýerinde generala tarap gobsundy. – Men öz ýurdumyň öý sanynam, adam sanynam gowy bilýän. Haýsy obada näçe öýüň, näçe adamyň bardygyna çenli ýeke-ýeke sanabam biljek.

General «ýaz» diýen manyda dilmaja ümledi-de, özi Dykma serdara golaý süýşdi. Dilmaç kagyz-galam alyp stoluň başynda ornaşdy. General serdara tarap baş atdy.

— Aýdyberiň.

— Gyzylarbatda bäş ýüz öýli... – diýip, Dykma serdar barmaklaryny büküp başlady. – Goç bilen Zawyň hersinde iki ýüz öýli, Gyzylçeşmede kyrk öýli, Bamyda bäş ýarym ýüz öýli, Börmede müň öýli, Arçmanda dört ýüz öýli, Sünçe bilen Mürçäniň hersinde iki ýüz öýli, Bäherdende iki ýarym ýüz öýli, Durunda üç ýüz öýli, Garaganda üç ýüz öýli, Akdepede bir müň bir ýüz öýli, Ganjygyň, Kümbetiň, Yzgandyň, Büzmeýiniň hersinde üç ýüz öýli, Herrikde ýüz öýli, Gypjak bilen Gökjäniň däninim hersinde ýüz öýli, Köşi bilen Aşgabadyňam hersinde bir ýüz öýli, Änewde bir müň bir ýüz öýli, Gäwersde kyrk öýli, Babadurmazda kyrk öýli. Şu sanan obalarym berkitmeli, galaly obalar. Bulardan başga otuz bäş sany galasyz obalarymyzam bar. Olaryň sany jemi bäş müň üç ýüz ýigrimi öýli. Her öýde orta hasap bilen ýedi adam diýip çen tutsak, jenap ýanaral-gynaral, adam sanymyz bir ýüz elli tört müň jana barabar bolýa. Bu magat hasap. Biz muny juda takyk ýöredýäs. Salgydam däninim öý sanyna görä salýaňyzmy ýa adam başynamy özüňiz göwrümiňize geňeşiň-de aýdyberiň. Ýa ýokary bilen gepleşip soň jogap berjek diýseňizem ony aýdyň, biz garaşarys.

Ýetişibildiginden ýazyp oturan dilmaç bir zat sorajak boldumy, nämemi, ýüzüni kagyzdan galdyrdy-da, serdara tarap barmagyny çomalrdy.

— Hürmetli Tekma...

Lomakiniň egnindäki geň-enaýy mundirini synlap oturan Dykma serdar oňa tarap nazarynam aýlamady. Gaşlaryny çytyp öýkeli gürledi.

—Meň adym Tekme däl, Dykma.

— Ötüň, hürmetli Tykma.

— Tykma-da däl, Dykma. Dykma serdar.

Dilmaç gyzaryp aşak bakdy. Çekinjeňlik bilen generalyň ýüzüne seretdi. Bolan gürrüňi terjime edip berdi. General oňa dommarylyp garady-da, Dykma serdara sorag berdi.

— Hormatly serdar, sizi tutuş halk iberdimi ýa bu teklip diňe han-begleriňkimi?

— Dogrymy aýtsam bu teklip ekabyrlaryň maslahatynyňky. Ýöne, muňa halkam garşy bolup durmaz. Öňlerine düşüp ýören adamlar bir zat diýse halk gaýra gaýyşmaz. Onsaňam bu teklip bolaýmagy ahmal gandöküşikligiň öňüni alýar. Halky gyrgynçylykdan halas edýär.

General öz berýän soraglaryndan lezzet alyp ugrady.

— Uruş bolaýsa, gyrgynçylygyň esasan özlerinden  boljakdygyna halk düşündimi?

— Düşündi, jenap gynaral-ýanaral.

— Onda näme üçin ol soňky demine çenli söweşmek barada kasam içdi?

— Bu ýerde öňräk boldy, jenap ýanaral-gynaral.Häzirki reklip blsa, şu günki günüň ýagdaýyny göz öňüne tutýar..

— Olar öz şertlerini bozup bilmezler ahyry.

Dykma serdar Orazmämmet hanyň sözlerini ulanmaly boldy.

— Bu ýerde şert bozulanok. Urşa hajat galanok. Mesele ylalaşyk esasynda parahatçylykly ýol bilen çözülýä.

— Hm-m.. – General ýüzüni bir gyra sowdy. – Diýmek, siz-ä salgyt töleýäňiz, bizem şu ýerden yzymyza dolanýas, şeýlemi?

— Howwa, jenap gynaral. Gören gözleriň aýtmaklaryna görä, Gazawat gyrgynçygyna-da ýomutlaryň salgyt tölemändikleri sebäp bolupdyr. Biz welin şoňa taýýar.

— A näme üçin başda gelmediňiz şeýle netijä?

— Başda urşuň tarapdarlary köp boldy. Olaryň köpüsi ýaş batyrlardan ybaratdy. Halkam olary goldady.

— Halk ýene-de şolary goldasa näme?

— Goldamaz. Sebäbi, ol indi ors goşunynyň güýçlidigine göz ýetirdi.

General ýaňsyly ýylgyrdy.

— Düýnki, jülgedäki çaknyşykdan soňmy?

— Şeý diýseňem boljak, ýanaral-gynyral. Ýöne, ýeke o-da däl...

— Bilýäňizmi näme, hormatly serdar... – Lomakin oturan ýerinde arkan gaýyşdy. Sag eliniň barmaklary bilen sol eliniň barmaklarynyň bogunlaryny boşatdy. Soňam çynlakaý sypata girip ýerinden turdy. Ajymtyk ýylgyrdy. Dykma serdary geňler galdyryp, Gurbanmyrat işanyň sözlerini gaýtalady. – Biz näme, şu ýere siziň jübüňize göz dikip gelendiris öýdýäňizmi? Ýa sizi özümizden baý görüp gelendiris öýdýäňizmi? – Ol uçursyz gaty gepläbermekden ätiýaç edýän ýaly ýaňy bir bat alyp ugran sesini az-kem pessaýlatdy. – Aslyýetinde welin biz öz goňşy döwletlerimiziň parahatçylykda ýaşamaklaryny isleýäris. Düşünýäňizmi? Tutuş Türkistan biziň elimize geçdi. Kawkaz öňden bäri bize tabyn. Hazaraka ýomut türkmenleri, Hywaly ýomutlar, gökleňler, ýemreliler, garadaşlylar, çowdurlar we şol ýerde ýaşaýan beýleki ownuk türkmen taýpalary, Buhara emirliginiň tabynlygyndaky ärsarylar, bary bize boýun boldy. Şu ikiortada ala-böle Ahal bilen Marynyň somalyp galmajakdygyna aklyňyz çatanokmy? Onda siz harby syýasata düşünmeýän ekeniňiz. Halkara syýasatyndan-a asylam başyňyz çykmaýan ekeni. Şonuň üçinem, siwilizasiýanyň ösen döwri bolan şu günki günde-de siz orta asyrlara mahsus alamançylyk bilen meşgul bolup ýörsüňiz. Maňa mälim bolşy ýaly, siziň hut özüňizem ömrüňiziň köpüsini alamançylyk bilen geçirersiňiz.

Dykma serdaryň bar bady gaçdy. Çapyp barýarka ýüzüne urlan at ýaly kürtdürdi. Sesi öýkeli çykdy.

— Men alamançylyk etdim, ýöne, hemişe öwezalaman etdim.

— Onam etmeli däl. Asla alaman etmeli däl.

— Obamy talasalar, mallarymy olja, ogul-gyzlarymy ýesir edip alyp gitseler, men gol gowşuryp oturyp bilmen ahyry.

General süýem barmagyny dik ýokary çommaltdy.

— Ine, mesele-de hut şunda. Biz gelsek hiç kim size azar bermez. Hiç kim gelip siziň obaňyzy çapmaz. Orsyýet ýaly uly döwlet arkaňyzda durka eýranlylar size bakyp asgyrybam bilmezler. Netijede öwezalamanam gerek bolmaz. Ýaňky teklibiňize dolanyp gelsek bolsa siz gijä galdyňyz. Ýöriş eýýäm başlandy. Buýruk berildi. – General Dykma serdaryň alkymyna dykyldy. Ýüzüne çiňerildi. Orazmämmet hanyň pikirini gaýtalady. – Salgydy welin barybir alarys. Berseňizem alarys, bermeseňizem alarys. Hem-ä boýun egdireris, hemem salgyt alarys. Şunuň hut şeýle boljagyny bilibem, bir akylly adam sizi şu ýere iberipdir. Ýöne, kimem bolsa ýa-ha bizi pul bilen yza gaýtaryp bolmajakdygyna akly çatmandyr, ýa-da wagt utmak isläpdir. Emma biz onuň ojagaz alyna gitmeris. Ýekeje sagadam säginmeris.

Dykma serdaryň beýnisinde gyzylymtyl-sargylt ýyldyrym lowurdap gitdi. Doly çuwal ýaly dykyz hem daýanykly göwresi elendi. Endamy sowady, ýagyrnysynda, maňlaýynda sanjy ýaly maýdaja, sowuklaç hem sargylt der emele

geldi. Oňa çenlem hälki ýyldyrym serdaryň balkyldap duran owadan, gözlerinden çykdy-da, süýnüp baryp generalyň gök gözleriniň garaçjyklaryna sanjyldy.

— Bolýa. Men siziň sözleiňizi han-beglere ýetirerin. – Dykma serdar siltenibräge-de ýerinden turdy. – Beýle hökmürowan bolýan bolsaňyz iň bolmanda ülkä gan dökmän girmäniň aladasyny ediň. Sebäbi halkda ýarag ýok. Olaryň köpüsinde hatda jonnuk gylyjam ýok.

— Onda biziň öňümizden sowulsynlar. Ýa ýaragsyz urşup bolmaýandygyna akyllary çatanokmyka?

— Çatýa. Ýöne, olary size garşy durmana mejbur edýän zat Watan öňündäki borç. Ar. Namys.

— Onda özlerinden görsünler. Gury namys bilen ýurdy gorap bolmaýandygyny bolsa basym görersiňiz.

— Siz ýene-de bir gezek gaýrat ediň, gynaral-ýanaral.

— Nädip?

— Häzirki şerti kabul ediň. Salgyt bilen yzyňyza dolanyň. Ahaldan çykyň. Soňam assa-ýuwaş özüňiziň duşman däldigiňizi subut ediň. Türkmen ýaýlaryndaky goýun, düýe sürülerini talamagyňyzy, adamlary sütem etmegiňizi goýuň. Şu wagta çenli eden dürli syýasatlaryňyzyň ýol almandygynyň sebäbi bolsa siz hazarýaka ýomutlary aldadyňyz. Biz size dost, diýip, ellerinden mallaryny aldyňyz. Gara öýlerini ýykyp-ýumrup uklaryny, tärimlerini oda ýakdyňyz. Kemsitdiňiz. Özüňizi ýigrendirdiňiz. Şu gelşiňize-de siz olary talap gelýäňiz. Şonuň üçinem olar sizden ýüz öwürdiler. Satan düýelerini yzyna aldylar. Siz biziň serhetlerimize giren ýerleriňizde-de şeýtdiňiz. Gele-gelmäne Hojagala bilen Margyzyň aralygyndaky, Bamydaky, Garaseňňerdäki mallary taladyňyz, saklawlaryny öldürdiňiz. Muny biz şu ýere gelýärkäk ýolda, siziň sallatlaryňyzdan ölümiň öýünde sypan adamlaryň hut öz agyzlaryndan eşitdik. Şol zatlary görüp, bilip otyrka Ahal ilaty sizi duz-çörekli garşy almaz. Törüne goýbermez. – Dykma serdar uludan demini aldy. – Ir döwür bolköýnek Yssolet geldi. Gowy geldi. Adam sypatynda geldi. Adamlar bilen adamkärçilikli gepleşdi, gowy gatnaşyklar etdi. Men özümem onuň bilen gowy gatnaşykda boldum. Dostlaşdym diýseňem boljak...

Lomakin kinaýaly gülümsiredi.

— Kim, kim?

— Yssolet.

General: «düşünmedim» diýen manyda terjimeçiniň ýüzüne seretdi. Terçimeçi ony uzak garaşdyrmady.

— Polkownik Stoletow bolaýmasa, Siziň Aly hezretleriňiz.

— A-a-a... – Lomakin asgyrjak ýaly diň-gögüne garady-da, aýasy bilen buduna şaplatdy. – Stoletow...

— Howwa, howwa, Yssolet, Yssolet... Ol gowy adamdy. Ine, şolar ýaly adamlar bilen biz gatnaşarys. Onda-da uly höwes bilen gatnaşarys. Dilem tapyşarys. Ýöne, ine, ondan soň Margöz diýen bir bela geldi. Ol margöz diýseň margöz ekeni. Baran ýerinde ot osurtdy. Sebäbi, onuň kellesinde: öňi bilen türkmeniň gözüniň oduny almaly, diýen küý bar ekeni. Ol hatda garry-gurtularam sylap goýmady. Ine, şolar ýalylar bilen welin, jenap ýanaral-gynaral hiç haçan dostlaşybilmen. «Ýagşy söz ýylany hininden çykarar» diýipdirler. Gele-gelmäne duluna eliňi uzadyberseň hiç kim seni myhman almaz. Ynama girýänçäm sypaýyçylyk edeýin, soňam assa-ýuwaşdan güýjümi görkezibirin, diýseň o-da bolmaz. Sebäbi, ýalan söz dona bürenýän däldir. Hälem bolsa giç däl, jenap ýanaral-gynyral, goşuny yzyna gaýtaryň.

Serdar bolany bilenem bu çarwapisint, sähraýy kişiden beýle akylly-başly gürrüňlere garaşmadyk bor-a çemeli, Lomakin geňirgenme bilen ilk-ä dilmajynyň soňam myhmanynyň ýüzüne seretdi.

— Goşun eýýäm ugrady, hormatly serdar. Gala bir zarbada alnar.

Bir ýakymsyzlygy süňňi syzan serdar generala elini bermän hoşlaşdy.

— Olar ýaly bolsa maňa howlukmak gerek, jenap ýanaral-gynyral. Adamlaryňyza aýdyň, bizi ugradaýsynlar.

General ýakymsyz ýylgyrdy.

— Size howlukmagyň hajaty ýok, hormatly serdar. Siz biziň myhmanymyz borsuňyz. Çaý içersiňiz, çörek iýersiňiz, dynç alarsyňyz. Ondan soň biziň bilen bile gidersiňiz. Ýolugra siziň obaňyzyň üstünden geçeris. Gaýym galaňyz, howaly jaýyňyz barmyşyn... – Lomakin köpmanyly ýylgyrdy. – Belki myhman alarsyňyz...

— Siz barýançaňyzobalar boşap galar. Olar eýýämem boşandyrlar.

— Däli gaçsa-da öýi gaçmaz diýipdirler, ine, siziň özüňiz bar ahyry.

— Men size düşünmejek bolýan.

— Howlukmaň, bu wagt düşünmeseňizem biraz soňrak düşünersiňiz.

— Siz örän oýunçy adam ekeniňiz jenap ýanaral-gynyral. Emma meniň bu ýere öz adamlarym bilen ilçi bolup gelendigimi unutmaň. Han-begler habara garaşyp otyrlar. Egerde men wagtynda barmasam...

General myhmanynyň ýüzüne geleli bäri ilkinji gezek ulumsy garady.

— Näme, wagtynda barmasaňyz yzyňyzdan gelerlermi? Goşun sürerlermi? Goý, gelsinler, goý sürsünler. Biz olar üçinem üç-dört sany öý taýynlap goýduk.

— Men ilçi. Meni saklamana siziň hakyňyz ýok.

— Hakym bar.

— Bu halkara düzgünlerine ters gelýär.

— Gelse gelibersin.

— Bu düzgün siziň döwletiňizde-de bardyr ahyry.

— Bolsa bolubersin... – General terjimeçä serdary nirä eltmelidigini salgy berdi-de, özi myhmanynyň ýüzüne-de seretmän beýlesine öwrüldi. – Börmede duşuşarys. Gürrüňiň yzyny şol ýerde dowam etdireris.

Daş işikde garaşyp duran iki sany ýaragly soldat bilen terjimeçi Dykma serdary lageriň ortarasynda gurlan daşy garawully gara öýe eltdiler. Ýaraglaryny aldylar. Öýüň içinde öz adamlarynyňam ýaragsyz, sus oturandyklaryny görüp, serdary öňküdenem beter ýakymsyz duýgy gurşap aldy. Bir zat soramak üçin yzyna dönjek bolanda soldatlar onuň öňüni gabadylar, döşünden itdiler, ýaraglaryny şakyrdadyp üstüne süründiler.

Bu, ilçileriň tussag edilendigini, adamzat döräli bäri dowam edip gelýän: «Ilçä ölüm ýokdur», «Ilçi eldegrilmesizdir» diýen ýaly halkara mukaddes düzgüniň gödeklik hem bihaýalyk bilen bozulandgyny aňladýardy.

## 14. Dykma serdar dönükmi?

Gurbanmyrat işan bilen Gulbatyr serdaryň gözleri ýolda galdy. Dykma serdardan welin habar-hatyr ýok. Duşman bolsa obama-oba süýşüp, ýetip gelýär. Olar eýýäm Bamydan geçip, Börmä golaýladylar.

Atlylary bilen ýoly garawullap ýören Garabatyrdan yzly-yzyna howsalaly habarlar gelip gowuşýar. Käte bir gapdallaryndan çykyp sähelçe-de bolsa eglenmeklerine sebäp bolýalar diýäýmeseň, goşuna gaty bir zyýan ýetirip bilenoklar. Ruhy batyr çapar yzyna çapar ýollap, hälem bolsa duşmany giň meýdanda garşylamaklygy, ähli goşunyň Garabatyryň garamagyna iberilmegini soraýar. Käte Garabatyryň atlylaryna goşulyp, käte-de ýeke özi, az sanly atlylary bilen duşmany birsyhly biynjalyk edip gelýär.

Birdenem Garabatyryň adamlary tarapyndan oňa: «Dykma serdar duşmanyň tarapyna geçipdir, ilçi bolup gidipdir-de, dolanyp gelmändir» diýen habar gelip gowuşdy. Bu habar şol bir wagtyň özünde Gurbanmyrat işana hem baryp ýetdi. Ol Gulbatyr serdar bilen maslahatlaşyp, Garabatyry Börmä çagyrdy. Garabatyr Jyýky batyram ýanyna alyp geldi. Gürrüň turuwbaşdan Dykma serdar we onuň ýany bilen giden adamlar barada boldy.

— Men öň aýdypdym-a! Biz aýtdyg-a! Şoňa ynanmaly däl diýdig-ä – diýip, Jyýky batyr iç işikde oturan ýerinden Gurbanmyrat işana tarap barmagyny

çommaltdy. – Sopy hanam eýdip-beýdip yrandyr-da, barşy ýaly göni geçendir şolaryň tarapyna.

Garabatyr aşak bakyp oturşyna pert-pert gürledi.

— Eger şeýle bolsa ol indi biziň ähli syrymyzy duşmana äşgär eder. Gowşak taraplarymyzy salgy berer. Şoň üçinem, etjek hereketlerimiziň ülňüsini üýtgetmegimiz gerek.

Gulbatyr serdar bar zada özi günäkär ýaly daýaw göwresini yranjyradyp tutuksy gepledi.

— «Ýumşa giden oglanyň eglenenini dile» diýipdirler, Garabatyr. Belki bir oňyn sebäp bilen eglenýändir.

Garabatyr kejigip başlady.

— Birinjiden-ä ol oglan däl, serdar aga. Uly iliň öňüne düşüp ýören uly adam. Ikinjidenem eglenerini diläp ýaly ol goňşy öýe elek getirmäne gidenok, ilçi bolup gitdi. Ilçi diýeniňem aýak üstünden, habaryny berer, ýagşu-ýaman jogabyny alybam gaýdar. Atasy öýüne baran heleý ýaly güberilip ýatmaz, munça wagtlap. Onsoňam ol biziň eşidişimize görä goşun bilen bile gelýä. Ýolbelet bolup gelýä. Ýanaralyň ýakyn maslahatçysy bolup gelýä...

—Edil beýle däldir-laý... — diýip, Gulbatyr serdar ýaraly ýoplbars ýaly arlady. — Bu ýerde bir düşünişezlik bardyr. Ýogsam-da bolsa olaryň birinden-biri bir gelmel-ä.

Tirseklerini dyzyna diräp, duw-ak bolan ýüzüni aşak salyp oturan Gurbanmyrat işan şol terzini bozman, ýöne Garabatyra degişli edip, ýuwaşja gürledi.

— Alan maglumatlaryňyz takykmy özi?

— Takyk, tagsyr, takyk. Onuň goşun bilen gelýänini biziň ýigitlerimiz gapdaldan çozanlarynda gözleri bilen görüpdirler. Özem hut, ulular bilen bir hatarda ýöreýärmişin. Daşyndan seredeniňde olara her dürli maslahatlar berýäne meňzeýärmişin.

Gurbanmyrat işan etegine ot düşen ýaly ýerinden zöwwe turdy-da, iki ýana elewräp başlady.

— Eýle bolsa haýal etmän ugralyň adamlar. Bu ýerde oňa garaşyp wagt ýitirmäliň. Üstümizi basdyraýmalyň. Gürrüňiň galanyny Gökdepä baranymyzdansoň hemmeler bilen bilelikde ederis. – Ol iki gün bäri atasynyň ornunda durup, özlerini myhmanlap ýören Akberdi hany ýanyna çagyrdy. – Adamlaňňa aýt, duşman ýetip gelýä, diý. Häziriň özünde öýleriňizi söküň-de, Gökdepe tarap ýola düşüň, diý.

Akberdi han sypaýyçylykly gürledi.

— Kakam gelsin-ä işan aga. Oňa garaşalyň-a.

Gurbanmyrat işandan öň Garabatyr gürledi. Onuň sesi gazaply çykdy.

— Kakaň indi gelmez! Sen gowusy aýdylanyny et-de, adamlaňňy ýola sal.

Akberdi hanam ondan kem oturmady.

— Sen maňa azm urma, Garabatyr. Haýbatyňam bar-da, öz atlylaryňa at! Öz galamyzyň ykbalyny biz özümiz çözeris.

— Ykbal bu wagt hemmäňki bilelikde çözülýä, Akberdi – diýip, Gurbanmyrat işan ara goşuldy. – Köpçüligiň karary şeýle: hemmeler gala ýygnanmaly. Kakaň gelse-de, gelmese-de adamlaňňy gala elt. Özüňem howluk. Biz size Gökdepede garaşarys.

Akberdi Gurbanmyrat işanyň hatyrasyna gaharyny ýuwdup sypaýy gürledi.

— Bor işan aga.

Gurbanmyrat işan hemmeden öň öýden çykdy. Baryp atyna mündi. Entek ugramanka Garabatyra ýüzlendi:

— Ýola gözegçilik eder ýaly ýigitleriňi Jyýky batyr bilen, mynda goý-da, özüň biziň bilen ýör. Ýanyňa bäş-on atlydan köp alma.

Hoş söz berenden soň ol Akberdi hana artykmaç bir zat aýtjagam bolmady-da, atyny debsiläp ugraberdi. Hemmelerem onuň yzyna düşdüler. Jyýky batyra goşuna tarap ugradyp, Garabatyram nökerleri bilen olaryň yzlaryna eýerdi. Ýöne, esli ýere barýançalar mahal-mahal at başyny çekip yzyna gaňryldy gitdi oturdy. Gurbanmyrat işana «bor» diýenem bolsa ol Akberdi hanyň buýrugy ýerine ýetirjekdigine ynanmady, ynjalmady. Umuman şonda ary köýen ýaly, öz ýanyndan birsyhly gyjyndy gitdi oturdy. Birdenem ýigitlerine «dönüň» diýen manyda yşarat etdi-de, at başyny yza öwürdi. Başga hiç kime, hiç zat diýmän, garasy çala görünýän Börmä tarap at goýdy. Nökerlerem onuň yzyna düşdüler. Hä diýmänem ol ýere bardylar. Akberdi hanyň işiginde at bökdürip durşuna Garabatyr:

— Akberdi! Çyk! – diýip, gazaply gygyrdy. Akberdi hanyň kakasyna meňzäp duran dolmuş, ter gara gyrçuw saklgal bilen jäheklenen garaýagyz ýüzüne gözi düşendenem agzyndan ak köpük saçyp azgyrylmana başlady. – Sen näme üçin aýdylanyna amal edenok? Näme üçin adamlaňňy henizem gala süreňok? Näme üçin öýleriňiz sökülmändir?

Şol wagt Dykma serdaryň beýleki ogly Hanberdi hanam bir ýerden at derledip ýetip geldi. Akberdi bilen Gara batyryň ýüzüne taýly gezek seretdi.

— Näm boldy? Dawaňyz näme?

Garabatyr atyny debsiläp onuňam üstüne süründi.

— Siz näme üçin şu çaka çenli göçeňzok?

— Akberdi aýdandyr-a size. Biz kakam gelýänçä göçmeýäs.

— Kakaň gelýä, ýöne, ors bilen bile gelýä. – Garabatyr atyny çarpaýa galdyrdy. – Ýa şonda-da garaşjak ýatjakmysyňyz?

— Ors däl, hyrs bilen gelýänem bolsa biz garaşjak şoňa.

Garabatyr ýigitlerine elini bulap goýberdi. Olar ikiden-üçden bölünişip, obanyň içine ýaýradylar.Baryp gylyçlary bilen öýleriň keçelerini paralaşdyrmaga, uklaryny, tärimlerini döwüşdirmäge başladylar. Mal-garalary gazyklaryndan boşatdylar. Adamlary gyssadylar, oglan-uşaklary ata basgylatdylar, kowaladylar.

— Derrew ýola düşüň!

— Ugraň!

— Ýene-de azajyk eglenseňiz orslara goýman özümiz gyrarys.

— Boluň, boluň!.. – diýip, haýbat atdylar. Hatda aýallara, garrylara çenli gyssadylar, üstlerine süründiler. Garşylyk görkezenleri gamçy bilen urdular. Paýyş sözler aýtdylar.

Obanyň içinde başagaýlyk döredi, gyk-bak köpeldi. Daşyndan seredeniňde ýagy çozana meňzedi.

Bu ýagdaýy görüp, Hanberdi atynyň jylawyny şolara tarap öwürdi. Akberdi hanam öýüne girdi-de, göz açyp ýumasy salymyň içinde eli ýalaňaç gylyçly tasap çykdy. Häliden bäri öýüniň gapdalynda horguryp tanapyna towsup duran atyna ýalaňaçlygyna böküp mündi. Ýigitleri bilen obany gyran-jyran edip ýören, Garabatyry nazarlap atynyň böwrüne depdi. Barşy ýalam sen-men ýok, egri gylyjyny aýlap saldy. Garabatyr yzyndan abanýan howpy ýeňsesi bilen syzan ýaly oturan ýerinde kak kimin towlandy-da, gylyjyň öňünden ussatlyk bilen bir tarapa sowuldy. Akberdiniň salan gylyjy onuň çep kebzesinden üç barmak ýaly sowa geçdi-de, kümüş eýeriň yzky gaşyna «jalkyldap» degdi. Garabatyr atynyň başyny yza öwrüp, üzeňňä galaga-da, gylyjyny Akberdi hanyň bereketli ýüzi kessir salgady. Akberdi hanyň gylyjam ýyldyrym çakan ýaly «lowurdap» gitdi-de, eýesiniň ýazzy maňlaýyny nazarlap gelýän ýiti tygy bir gapdala kakyp goýberdi. Bularyň jan dalaşyna girenini görüp, ýigitleriň başynda gamçy oýnadyp ýören Hanberdi bäriligine gaýtdy. Oňa gözi düşenden Akberdi han:

— Hanberdi! Gelme! Goşulma! Golaýlaýma! – diýip, öçli ýaly gygyrdy. – Men özüm hötdesinden gelerin!..

Garabatyryň iki gözünden ýalyn çykdy.

— Degme gelsin! Goý, gelsin! Olam gelsin senem gel! Kakaňam gelsin! Üçüňizem öňüme salyp gala eltmesem hasabam däl.

Edil şol wagtam eli tüpeňli, ak köýnek-balakly, ýele ykjap duran sakgalam, murtam, hatda gaşlaryna çenli ak, çal başy açyk, aýagy ýalaňaç, ýaşy bir çene

baran goja kişi görden çykan ýaly bolup bir ýerden peýda boldy-da, böküp orta düşdi, elindäki tüpeňini galgadyp, ulyili bilen gygyrmana başlady.

― Aha-aw, bidöwletler! Häý, pederne nälet getirenler! Aý, enesi ýalamadyklar! Duşman bilen döwüşere her bir adam hasaplyka siz näme, biri-biriňizi gyryp gutarjak bolýaňyzmy? Taşlaň ýaragyňyzy. – Ol elindäki tüpeňini gezek-gezegine urşup ýörenlere tarap gezedi. – Bolmasa-da ine, ikiňiziňem böwrüňizi özüm garaldýan...

― Gurban aga aýryl! Çyk ortadan!.. – diýip, hernäçe dyzasa-da, Akberdi han tutuş obanyň ýaşulysy hökmünde sylanýan hatda öz kakasy tarapyndanam hormatlanýan gojanyň sözünden çykyp bilmedi. Hüjüm etmesini goýdy. Garabatyr welin goja barmysyňam diýmedi. Gaýtam Akberdi hanyň haýal-ýagallyga salanyndan peýdalanyp gylyjyny dik ýokary göterdem welin, aşagyndaky günüň şöhlesine endamy ýalpyldap duran, kelte bykynly, dik aýakly, boýny deraz gara at edil alkymyndan çykan «gümpüldiden», ürküp, özüni çiňarkan zyňdy. Garabatyr atdan agman zordan saklandy.

Ikinji gezek duýduryş bermek üçin, ýeke nil tüpeňiniň gözüne ok sürüp duran goja halys ysgyndan gaçan gyryljak sesi bilen:

―Häý, it ogullary diýsänim... – diýip, gygyrdy. Kejir çaga ýaly aýaklary bilen ýer depdi. Tüpeňiniň nilini göni Garabatyra tarap öwürdi. – Adamlaňňam al-da, göteril şu ýerden! Bar, näme gaýratyň bolsa orslara görkez! Näçe gün bäri batyrnybilmän daşlaryndan aýlanyp ýörsüň! Iki müň atly bilen Ruhy batyryň otuz atlysyça-da iş bitiribilmediň. – Soň ol mes atlaryň üstünde hum ýaly çişişip oturan aga-inä ýüzlendi. – Goýuň sizem kejirligiňizi! Göçmän näme ilaty göz-görtele ýagyň holtumyna dykjak bolýaňyzmy? Dykmany men özüm garşy alaryn, şu ýerde. Garşy alarynam, bolan işiň magadyna-da ýeterinem. – Ol ýene-de Garabatyra tarap barmagyny çommaltdy. – Sen näme henizem hekgerilip dursuň? Bar, ýok bol! Göç meselesini biz özümiz çözeris. Egerde Dykmanyň duşmana geçendigi çyn bolaýsa, welin, onda men ony hiç kime ýetirmän özüm kakaryn. Derisine-de saman dykaryn-da, Börme galasynyň üstünde garantga edip goýaryn.

―Galanyň üstünde goýanyňdan künjüňe garantga etseň has peýdaly bolardy – diýdi-de, şondan başga söz aýtjagam bolman, Garabatyr at başyny ýola tarap öwürdi.

Edil şol wagtam onuň ýola gözegçi goýan atlylaryndan biri ýüzin salyp geldi-de, duşmanyň golaýlap, gelýändigin, bir ýerden Ruhy batyryň peýda bolup, eýlesinden-beýlesinden çapawullap, duşmana çynlakaý zeper ýetirýändigini habar berdi.

Goja hem Garabatyra, hem Akberdi bilen Hnaberdä degişli edip:

— Ana, gördüňizmi? Eşitdiňizmi? Ruhy batyr-a ol ýerde duşmanlar bilen urşup ýör, siz bolsaňyz bu ýerde biri-biriňizi çapjak bolup dyzaşyp dursuňyz. Baryň, ondan-a şoňa kötekleşiň – diýdi. Garabatyryň Akberdiniň, Hanberdiniň aralarynda hiç zat bolmadyk ýaly, beýleki ýigitler bilen bilelikde, ülker deý toplanyp duşmanyň gelýän tarapyna at goýanlaryny görübem, ol onda-munda heşerilişip, näme etjeklerini bilmän ýaýdanyşyp duran obadaşlarynyň üstüne heňkirdi. – Siz näme sömelişip dursuňyz? Ýa aýratyn töwella garaşýaňyzmy? Boluň hany çaltrak! Derhal ýola düşüň! Ýagy ýetip gelýä, eglenmäň!...

Garabatyryň duýdabsyz yza dönenini halamadyk Gurbanmyrat işan ini bir zat syzan ýaly Gulbatyr serdary onuň yzyndan ugradypdy.

Gulbatyr serdar Börmä gelende goh-galmagal eýýäm sowulypdy, ýigitler Ruhy batyra kömege gidipdiler. Gurban aga diýilýän şol, geň goja ýakymsyz gürrüňiň ýaýramazlygy üçin Gulbatyr serdara bolan işi aýtmady. Töwerekdäkilere-de aýdaýmaň, diýip sargady. Ýöne, barybir bir işiň gopandygyny Gulbatyr serdar aňdy. Şeýle-de bolsa o-da syr bildirmedi. Goşunyň yzyndan ýetensoň Gurbanmyrat işana-da:

— Ruhy batyra kömege giden ekenler.  Bize aýtsalar goýbermeris öýdüp gorkupdyrlar – diýdi.

— Kömege gider ýaly Ruhy batyr näme edýämişin?

— Gum tarapdan gelip duşmany çapawullaýamyşyn.

— Beh! Bidöwlet şon-a oňarýan ekeni.

Bir zatlar aňdymy ýa aňmadymy Gurbanmyrat işan şondan başga hiç zat diýmedi. Onuň bar küýi şol wagt basymrak Gökdepä ýetip, urşuň iň soňky taýýarlyk işlerini gözden geçirmek, şeýle-de goranmak, duşmana nähili gaýtawul bermek barada maslahat çagyrmakda-dy.

Hut şol niýet bilenem, ol Gökdepä gelşi ýaly Gulbatyr serdary yzyna tirkäp, Berdimyrat hanyň ýanyna bardy. Salam-helikden soňam Dykma serdar baradaky ýakymsyz habary orta atdy. Yzyndanam:

 Biz-ä şoňa ynanjagymyzam bilemzok, ynanmajagyzam- diýip, ýüzüni iki baka sypajaklatdy.

Täzeje halynyň üstünde, owadan heýkel ýaly iki dyzyny gujaklap, göwresini dik tutup oturan ýaş han başyny aşak-ýoklary atyp, dodaklaryny çýalaja gymyldatdy.

Habarym bar, işan aga, habarym bar. Eşitdim. – Ol ýerinden turdy-da, öz garşysynda ýazylan ýumşak hem päkize körpençeleriň üstünde ornaşan myhmanlarynyň hersiniň gapdalyna iki sany ýassyk oklady. – Biziňem

gulagymyza degdi şoňňaly bir zat. Ýöne, anygyna ýetmeseň ynanmagam aňsat däl. Iň bolmanda muny häzirlikçe köpçülige bir eşitdirmeli dälmikä diýýän.

– Menem şo pikirde, Berdimyrat – diýip, Gulbatyr serdaram söze goşuldy.

– Wah, bular ýaly gürrüň çykanda halkyň içinden çykýar-a. Onuň goşunyň ortarasynda ýanaral bilen jylaw deňläp gelýänini Garabatyryň ýigitleri görüpdirlerem-ä.

–Belki zor bilen saklandyrlar, işan aga. Goýberen däldirler.

– Beýle zat bolup bilmez, çünki, ilçini saklamak, tussag etmek gadagan. Ol ähli döwür, ähli döwletler üçin kada. Kanun.

–Wah, biz döwlet däl-dä – diýende, Gulbatyr serdaryň ýüregi para-para boldy. – Şonuň üçinem olar her hili bidüzgünçiliklere baş urup bilerler.

Muny Berdimyrat hanam tassyklady.

– Dogry. Äsgermedik her zat eder.

–Häý, näbelleýin-dä, ozaldanam bir, ýüzi şolara tarap adamlar-da... – Gurbanmyrat işan demini ylydan aldy. – Ýöne, näme, ýagşy niýetde bolalyň, belki siziň aýdyşyňyz ýaly waka biziň çak edişimizden başgaçarak bolup çykaýady-da...

– Belki...

– Omişalla..

Maslahatyň örüsi kem-kemden giňedi. Börmede galan goşun bilen bilelikde Gurbanmyrat işanyňam gelenini eşidip bagşa-da gelen köp boldy. Garabatyryň: «Duşman has golaýlady» diýen habary ýetirmek üçin gaýtadan Jyýky batyram maslahat entek öz işine başlamanka gelip ýetişdi. «Dykma serdarly mesele orta goýuldy. Bu barada hususan-da, Orazmämmet han, Kerimberdi işan, Hanmämmet atalyk, Gönübek sazanda, Gulbatyr serdar dagy, häzirlikçe belli bir netijä gelmezligi teklip etdiler. «Dykma serdary gutarnykly suratda dönük hasap etmeli», diýenlerem boldy. Ýöne, birinji pikiriň tarapdarlary öz sözlerinde berk durdylar: «Oňa howlukmaly däl, garaşmaly, Dykma serdaryň kimdigini wakanyň gidişi görkezer». Garaz, belli bir karara gelip bilmediler. Tereziniň haýsy tarapyndan barsalar beýleki tarapy agdyklyk edýän ýaly boldy durdy.

– Şolara goşulany, şolar bilen şu ýere gelýäni çyn bolsa-ha ol suwa girip gury çykmaz – diýip, Berdimyrat han pessaýjak ses bilen Dykma serdarly meseläni jemledi. – Ýöne, egerde ol ýerde zor bilen saklanýan bolsa, onda bu ýagynyň bizi düýbünden äsgermeýändigi bolýa. Ýaňky, Gulbatyr serdaryň aýdyşy ýaly biziň halkara düzgünlerine dahylly bütewi bir döwlet däldigimizi, edenlerini edip, goýanlaryny goýanlarynda-da, biziň hiç kime, dadymyzy ýetirip bilmejegimizi, hiç kimiň biz üçin olardan jogap soramajakdygyga ýüzümize bazyrdadyp basdyklary bolýa. Mundan soň ylalaşyk barada pikirem edip oturmaň,

biz sizi keýp edip kerçejek, diýdikleri bolýa. – Berdimyarat han ellelrini serip, sowuk demini aldy. – Galanynam näme, ýaňky aýdyşyňyz ýaly wagt görkezer. Ýöne, biz indi bilimizi berk guşamaly borus.

Şondan soň Dykma serdarly gürrüň boldum edilip, göz-gonly meselä geçildi. Haýsy oba geldi, haýsy gelmedi, haýsy haýal-ýagallyk edýä, birin-birin tükellendi.

 Ýaňy gelýäkäm sorag-ideg edip gördüm welin, Dykma serdaryň obasyndan ýekeje öýlem gelemändir – diýip, Jyýky batyr oturan ýerinde öňe omzady. Onuň sesi hemmeleriň gulagyna ýiti pyçak sanjylan ýaly etdi. Bar adamyň özüne tarap ýakymsyz üşerilmegi onuň özüniňem sussuny basdy. Şonuň üçin bolsa gerek, sesi göz-görtele pessaýlady. – Akberdi han bilen Hanberdi hanam gelenok. Ýman ýeri olardan ters görelde alyp Aşgabat, Gäwers, Köşi obalaram gozganman otyrlar. Arçmanlylaryňam oturyşlary gümmürtik, haýsy tarapa ýan berjekleri belli däl.

 Ýigitleri bir geldilermikä, şol obalaryň, diýip, Gurbanmyrat işan Jyýky batyrdan sorady.

Ýigitleri gelipdirler, ýöne, maşgalalary gelmese hiç kim uruşmaz, diýip, özüňiz aýtdyňyz ahyry.

Gurbanmyrat işan makullaýjylyk bilen baş atdy. Bir bada dymyşlyk boldy. Hemmeler Berdimyrat hanyň ýüzüne seredeişdiler. Syrdam göwresini gamçy dek dim-dik tutup oturan han söze başlamazyndan öň az-kem ardynjyrady.

 Gäwers bilen Aşgabat obalaryna şol ýerde jemlenmekligi biz özümiz maslahat berdik. Ol biziň ätiýaç üçin arkamyzda duran güýç bolmaly. Daýanç pena bolup hyzmat etmeli. Ýöne, Arçman geler. Börme-de geler. Olaryň eýýäm gozganyp ugrandyklary barada habar bar.

Jyýky batyr ýene-de sesini gataltdanyny bilmän galdy.

 Gozgalansoňlar gozganandyrlar-da... Ýogsam-a niýetler-ä gozganjakdan däldi olaryň...

Orazmämmet han agyr göwresini oňa tarap öwürdi.

 O näme diýdigiň bolýa?..

Jyýky batyra derek başga bir ýigit jogap berdi.

 Aý, Garabatyr Börmede birazrak kakyş-kukuş edäýipdir öýdýän...

 Oňarmandyr. Özbaşdak hereket etmeli däl ekeni – diýip, bu gürrüňiň eýýämhaçan il içine ýaýranyna gynanan Berdimyrat han hemmeler eşider ýaly edip, az-kem hökümliräk gepledi. – Bu wagt birek-biregiň üstüne düblemekligiň wagty däl. Her bir adam bellenen tertip-düzgün boýunça hereket etmeli.

 Şu mesele boýunça Garabatyra aýratynam berk sargamak gerek. Ol düýn bäri gelýärkäk yzyna-da bizden birugsat döndi. Barybam ýaňky şularyň diýýän

kakyş-kukuşyny edipdir.  Soňam dolanyp gelmedi... – diýip, Gurbanmyrat işan nägile gepledi.

– Ozalam türkmeni galyndyrman gelýän zat şular ýaly gyňyrlyk, zoňtarlyk. Dikýeňselik. Öňe çykyp ýören adamlar şeýtseler beýlekilerden nämä garaşjak – diýip, Kerimberdi işanam, Garabatyr babatda öz nägileligini aýtdy. Gurbanmyrat işanyň aýdyşy ýaly, berk käýemekligi teklip etdi.

Gönübek sazanda bolsa:

– Käýençden soň olaryň üçüsinem ýaraşdyrmaly, goý, oba arasynda alagöz bolşup ýörmesinler, onda-da şular ýaly kyn pursatda – diýdi.

– Mende ýene bir teklip bar – diýip, Jyýky batyr ýene-de sesine bat berip başlady. – Gepiň gysgasy ertir agşama çenli göçüp gelmedik opbalaryň ählisini talamaly! Dykma serdaryň galasyny ýumrup, ähli maşgalasyny zor bilen şu ýere göçürip getirmeli. Orslar bilen gelýän bolsa, goý atan oky öz çagalaryna degsin. Goý, orsuň atýan top okundan öz çagalarynyň gyrlyşyny görsün.

Edil Jyýky batyryňky ýaly, «talamaly», «tozdurmaly» diýmeselerem, gelmedik obalary güýç bilen getirmeli welin hökman getirmeli, ertirden aňry goýmaly däl, diýen teklibi hemmelerem goldadylar.

Ýöne, zora daýanymak geregem bolmady. Hanberdi han bilen Akberdi hanyň ýolbaşçylygynda Börme obasynyň göçüp gelmegi bilen, beýleki ikirjiňlenýän obalaram yzly-yzyna Gökdepe galasyna ýygnandylar.

## 15. Gurban  mergen

Patyşa goşuny ýetip gelende edil Bamy, Bendesen ýaly Börme obasam tozap ýatyrdy. Ilatyň ýap-ýaňyja göçüp gidendigi her ädimde bildirip dur. Howul-hara zyňylan döwük-ýenjik uk, tärim, garakeçe bölekleri, essi gidip sal-sal bolan ýarysy çüýrük, döwük-ýenjik, köne, örme gamyşlar çaşyşyp ýatyr. Sökülen öýleriň oturan ýerleri tes-tegelek bolup dur. Şol tegelekleriň ortarasyndaky ojaklaryň käbirleriniň entek odam öçmändir. Burugsaşyp durlar. Köräp, tutaşjak bolup duranlaram bar. Kä ýerde bir eýesiz galan itdir-pişik görünýär. Olaram ýat adamlara tarap üşerişýärler-de, birdenem zym-zyýar bolýarlar. Obada boşap galan tamkepbeler, pagsa jaýlaram az däl.

Garaňkynyň düşmegi bilen bütin Börme obasy tümlige bürendi. Ahal obalarynyň içinde iň uly hem berk galalaryň biri hasap edilýän Börme galasy hem üstüne dökülen ýat myhmanlardan ejap edýän ýaly ýüzüne gara perde çekdi. Obanyň demirgazyk tarapyndaky uly bolmadyk baýryň üstünde ýerleşen iki gat diwarly, daşy garym bilen gurşalan, ortasyndan ýalpajyk ýap akyp geçýän şol

galanyň öz aralarynda göz tussagy bolup barýan Dykma serdaryňkydygy baradaky «hyşy-wyşylar» soldatlaryň arasyna ýaýrady. Olaryň köpüsi öz ýanlaryndan Dykma serdara duýgudaşlyk bildirdiler, onuň ornunda özlerini goýup gördüler, gynandylar. Öz ýolbaşçylary tarapyndan diplomatiýanyň iň bir ýönekeýje düzgünleriniňem berjaý edilmeýändigini ýokuş gördüler.

Elýeterde azygyň azlygy zerarly şol gije soldatlara agşamlyk naharyň bolmajakdygyny aýtdylar. Şondan soň, olaryň käbirleri gadagan edilendigine garamazdan bakjalygyň gözlegine çykdylar. Daş-töwerege ýaýradylar. Hä diýmänem bölek-bölek bolşup ot ýakyşyp oturan soldatlaryň öňünde terne üýşmekleri peýda boldy.

Şol terneleriň biri soldat Aleksandr Iwaşowa-da ýetdi. Aç garna gökje ternäni kirtildedip oturşyna ol şony kimiň ekendigi barada oýlandy. Kim tarapyndan ekilip, kim-kimlere niýetlenen zady, nirelerden gelip kim-kimleriň iýip oturandygyna haýran galmak, bilen başyny ýaýkady.

Beýleki obalara garanda Börme obasynyň has uludygyny, şeýle hem onda pagsa jaýlaryň agdyklyk edýändigi hem Iwaşowyň synçy nazaryndan sypmady. «Diýmek, bular oturymly bolmaly», diýip, ol içini gepletdi. Öz obasynyň ortarasynda göz tussagy bolup oturan Dykma serdaryň içinde gopýan harasadyň güýjüni aňynda ölçäp özi ondanam beter hopukdy.

Şeýdip, kimiň terne, kimiň öz oý-pikirleri bilen gümra bolup oturan halatynda gala-berkitmäniň üstünden yzly-yzyna tüpeň sesi çykdy. Ullakan oduň ýagtysynda, ýoldaşlary bilen alawagyrdy bolşup, terne gemrip oturan bir soldat çat maňlaýyndan giren okuň zarbyna «zöwwe ýerinden galdy-da, ellerini serip çiň arkan gaýtdy. Onuň iýip oturan ternesi «patlap» bir gyra düşdi. Ýaryldy. Çigidi pytrady. Guma garyldy. Soldatlaryň arasynda başagaýlyk başlandy. Olar tasaşyp ýerlerinden turdylar-da, galanyň diwaryna söýelgi tüpeňlerine ýapyşdylar. Haýsy tarapa gitjeklerini bilmän, tüpeňleriniň nillerini garaňkylyga gezäp, iki ýana alakjaşdylar. Käbirleri bolsa alahasyrdy bolşup ody öçürmäge başladylar. Birdenem aýňalan ýaly boldular-da, tüpeň sesiniň çykan ýerine tarap ok atyp başladylar. Olaryň bu hereketlerine şol oduň başynda oturan Iwaşowam goşulman durup bilmedi. Çünki, indiki atyljak okuň kimiň niresinden girip, niresinden çykjakdygy belli däldi.

Tüpeň sesi welin edil öňki çykan ýerinden ýene-de bir gezek çykdy. Bu gezek bir soldat kükregini tutdy, heniz doly öçüp ýetişmedik oduň üstüne ýykyldy. Başagaýlyk şeýle güýçli bolansoň birbada oňa üns berenem bolmady. Şeýle-de bolsa onuň özi çabalanyp diýen ýaly otdan çykdy. Çykyşy ýalam ýerinden turdy-da, alaburugsy bolup, garaňka siňip gitdi. Iwaşow oda golaý ýerde duran suwly setili alyp onuň yzyndan ylgady. Emma basym ony gözden ýitirdi. Başga birem

ylgap geldi-de: «Beýtmeli däl. Ýanan adamyň üstünden suw guýmak bolmaýar» diýip, suwly setili Iwaşowyň elinden aldy.

Onuň ok atyp duran ýoldaşlaryna tarap öwrülenem şoldy welin, berkitmäniň beýik diwaryndan durşuna ak geýnen bir çalajan göwre asmandaka urlan guş ýaly gollaryny kelemenledip aşak gaýtdy. Soldatlar ok atmalaryny bes edip, şol tarapa okduryldylar. Dyrmaşyp diwaryň üstüne çykdylar. Içine göz aýladylar. Giribem barladylar. Diwaryň daş ýüzünde ýatan çalajan göwreden başga galanyň ne içinde, ne daşynda janly-jemendäniň ýokdugyny görüp welin juda geň galdylar. Tüpeň sesiniň çykan ýerinde bolsa üç sany tüpeň bar ekeni. Atyjy ony diwaryň üstünde aralaryny bäş-üç ädim edip hatara goýupdyr-da, gezek-gezegine atypdyr.

Galadan ýykylan atyjynyň halys eňki giden gojadygyny görüb-ä soldatlar hasam haýran galdylar.

Ol goja, Garabatyr dagynyň aralap, obanam ýola salan Gurban mergendi. Öz aýdyşy ýaly ol Dykma serdar bilen bellisini etmek üçin göçden galypdy we şondan bäri berkitmäniň üstüne çykyp, goşunyň hökman Börmede düşlejekdigine, Dykma serdaryň bolsa olary öz galasyna alyp geljekdigine ol berk ynanýardy. Emma onuň bu hasaby birneme ýalňyşrak çykdy. Goşun Börmede düşledi, ýöne, Dykma serdar myhmanlaryny alyp gala girmedi. General Lazerew hemişekisi ýaly, özi üçin niýetlenip dikilen gara öýde ornaşdy. Ýöne, gojanyň barybir öz oklaryny boş geçiresi gelmedi. Duşmanyň birini awlamaklygam bir peýda bildi. Şeýdibem Dykma serdara derek soldatlary atdy.

Soldatlar ýanyna gelende gojanyň entek diridigine, göz ýetirdiler. Ýöne, goja halymsyrap ýatmady. «Hyk-çok» edip ýerinden galdy. Entirekläp durşuna soldatlaryň ýüzüne ýeke-ýeke seredip erbet sögündi.

— Götüňizi bermäne barýaňyzmy, Gökdepä?

Kimdir biri: «Bu biziň iki soldatymyzy öldürdi üstesine sögünýänem ýaly-la» diýip, duran ýerinde aýtjak boldy. Başga biri bolsa ýüzi kessir tumşygyna ýelmemek üçin tüpeňiniň gundagyny ýokary göterdi. Ýöne, olaryň ikisinem sakladylar. «Bu ýagdaýy generala ýetirmek gerek, belki sorag eder» diýdiler.

General ony öz ýanyna getirmekligi buýurdy.

Gojany sürekläp diýen ýaly ol ýere eltdiler. Onuň ýarasy ýeňil däldi. Şeýle-de bolsa özüne erk etmek üçin ähli güýjüni bir ýere jemlejek bolup jan edýärdi. Lomakin onuň bilen dilmaç arkaly gürleşjek boldy. Goja bolsa onuň näme hakda soraýanyny biljegem bolmady-da, ýaralanan sag elini çep eli bilen tutup, «has-has» edip durşuna ilk-ä goşun başlygynyň kimdigini sorady, bilenden soňam sag eliniň başam barmagyny orta barmagy bilen süýem barmagynyň arasyndan çykardy-da, generalyň gözüne golaýlatdy.

— Me saňa Ahal!

Şeý diýdi-de, goja şalkydap bir gapdala ýykyldy. Şondan soň general Dykma serdary çagyrtdy. Gojany tanaýandygyny ýa tanamaýandygy sorady. Dykma serdar generala jogap bermezden öň gojanyň ýanyna bardy. Üstüne egildi.

— Gurban mergen? Bu senmidiň asyl? Sen näme göç bilen gitmediňmi?

Demsaýy haýallap barýan gojany, Dykma serdaryň tanyş sesi özüne getirdi. Ol gözlerini zordan açdy-da:

— Men saňa garaşdym, Öwezmyrat – diýdi. – Ýöne, ajalyň menden däl ekeni, duduwanyma gelmediň. Indi bolsa sen maňa hudaýlygyňy aýt, sen şular bilen öz meýliňe barýaňmy ýa zoruň güýji bilen barýaňmy? Dogryňy aýtmasaň gözümi açyp armanly giderin.

Dykma serdaryň bokurdagy doldy. Esli mahal gepläbilmän, eginlerini silkdi durdy. Gojanyň sakgalyny, murtuny sypalady. Barmaklary bilen bu golaýlarda päki görmedik ösgün saçlaryna timar berdi.

— Arkaýyn gidiber, Gurban aga. Dykma serdaryň öz hinine bakyp uwlaýan tilkilerden däldigini kim bilmese-de sen bilýärsiň ahyry...

— Berekella Öwezmyrat. Senden tamamam şeýledi. Bir säw bilen okuma gelen bolsaň nähak ganyňa galjak ekenim. Kyýamat eşegiň boljak ekenim.

Şol sözlerden soň goja usullyk bilen gözlerini ýumdy. Çalarak tisginen ýaly etdi-de, jan berdi. Dykma serdar ony arkan ýatyrdy. Aýaklaryny uzatdy. Ellerini iki gapdalyna goýdy. Egnindäki ýukajyk ýektaýyny çykaryp üstüne ýapdy. Dikeldi. Diňe şondan soň Lomakiniň hälki soragyna jogap berdi.

— Howwa, men bu kişini tanaýan, jenap ýanaral – gynaral. Bu biziň obamyzyň ýaşulysy Gurban mergen. Ol meniň bilen hasaplaşmak üçin göçden ýörite galypdyr. Dolanyp gelmämsoň meni dönükdir öýdüpdirler. – Dykma serdar goýbermän saklanaly bäri ilkinji gezek generalyň ýüzüne dikan garady. – Mergeni bu gije öz adamlarym bilen «myhman almaga», ertirem öz obamyzyň gonamçylygynda jaýlamaga rugsat ber jenap ýanaral-gynaral.

General Dykma serdaryň egnine elini goýdy. Duýgudaşlyk bildirýän äheňde gürledi.

— Bolýa. Öz däbiňiz boýunça näme edilýän bolsa ediň. Näme kömek gerek bolsa ederler. Men buýruk bererin. – General iki ädim ýaly öňe süýşüp gojanyň üstüne abandy. Oňa seredip köp durdy. – Goja örän mert adam ekeni – diýende, sözünde buýsanç alamatlary duýuldy.

Gurban mergeniň obada galanyny hiç kim duýmady diýen ýaly. Obadaşlarynyň-a barysy göç-gon bilen başagaý. Özüniňkileri bolsa: «Ine, menem yzyňyzdan barýan», diýip aldady. Hemmeler gidenden soňam düýn-öňňünlikde

sygyr dölede bukup goýan, nijembir wagt bäri ellenmän duran köneje aw tüpeňlerini aldy-da, ilk-ä howlukman syryp-süpürdi, arassalady, ýaglady, şol zatlary boldum edenden soňam içi-daşy boşap galan galanyň üstüne çykdy, tüpeňleriniň hersini bir ýerräkde duşmanyň geljek tarapyna garadyp goýdy. Oklady. Her gezek ok sürende: «büý-ä Dykmanyň paýy, bu ikisem kime nesip etse şoňky», diýip öz-özi hümürdendi. Ähli hysyrdylardan dynansoňam ak bürgüt ýaly diwaryň üstünde çommalyp, ýola garady oturyberdi. Hä diýmän ömrüniň tamam boljagyny duýan ýaly şu ikiarada özüniň gysga bolmadyk ömrüni ýatlady. Seredip otursa onuň oglan bolup oýnap ýörenem, jahyl çykyp gyz söýen döwürlerem ýap-ýaňyjady. Ilkinji ogla gözi düşende Aý gören gul ýaly deň-duşlarynyň ýanynda ýyljyraklap oturşam, şol ogluň oturşygy üçin awa gidişem, birgiden käkilikdir – ördegi, bir keýigi atyň syrtyna bökderip obanyň çetinden girişem düýnjik ekeni asyl.

Şol zatlaryň hemmesem şu obanyň içinde bolup geçdi. Şolaryň barysyna ine, şu gala-da, onuň içinden akyp geçýän ýalpak ýap hem şaýat. Bir döwür garrarys, awdan galarys diýip dagy Gurban mergeniň o wagtlar oýuna-da gelenokdy. Ol şu obanyň aýalu-erkek, haýsynyň haçan doglanyna çenli bilýär. Dykma serdaryň doglanam şu günki ýaly ýadynda. Onuň kakasyna Mämmetnazar baý diýerdiler. Çykymly, berimli, sahawatly adamdy. Ähli baýlygyny gysymyna gysyp, syňragyndan syzyp çyksa-ha ýalap, çykmasa-da aç entäp ýören baýlardan däldi. Ol pahyr bir gezek maly talananda dagyň aňry ýüzüne öwezalamana gidipdi we şol ýerde öldürilipdi. Şol gidişlikde Gurban mergeniň özem bardy we onuň ölümine hemmeden beter gynanypdy. Maslygyny ýat ýerde galdyrmajak bolup, ony oba getirenem şoň özi. Tä, kyrky sowulýança hormat edip, awa-şikara-da gitmän onuň ýerinde oturypdy. Şol wagtlar Öwezmyrat, ýagny, şu günki bir oka tabşyrmak üçin ýoluna garap oturany – Dykma serdar ýaňy bir ylgap ýören ýortmança oglandy.

Ýöne, ol ýigit hökmünde ir ýetişipdi. Özem durşuna dogum. Şonuň üçinem ol on üç ýaşyndan başlap, alamana gatnap başlady. Gurban mergen bilen awa gidýän gezeklerem bolardy, ýöne, awa gidenden alamana gidäýenini kem görmezdi. Gurban mergeni edil öz atasy ýaly gowy görerdi, sylardy. Büjnürtli kürtleriň üstüne alamana gidilende onuň şolara ýesir düşenem Gurban mergeniň ýadynda. Şonda Gurban mergen Öwezmyrady boşatmak üçin öýme-öý aýlanyp, öz obadaşlaryndan pul ýygnapdy, barjamly adamlardan karz-kowal alyp ýetmeziniň üstüni doldurypdy we Eýrana gidip, Büjnürt hany Muhammetrahym hanyň hut özünden alyp gaýdypdy. Ýaş ýigit şonda alty aýlap zyndanda oturypdy. Obasyna gaýdyp gelenden soň ol Gurban mergene-de, obadaşlaryna-da, karz bereb barjamly adamlara-da köp-köp minnetdarlyk bildiripdi we Gurban mergeniňem, obadaşlarynyňam ellerine-aýaklaryna bakman,ýaňadandan alamançylara goşulyp

birnäçe gezek ileri gatnapdy hem-de bary-ýogy iki aýyň içinde ähli bergilerini üzüpdi.

Soň ol Ahalyň iň bir tanymal batyr ýigileriniň biri bolup ýetişdi. Börmäniň hany, gerek bolan wagty dessine bir bitewi goşuna öwrülip bilýän umumyahal oba gerçekleriniň serdary boldy. Göreşiň gurluşyna görä, Dykma serdar lakamyny aldy. Onuň öz ýigitleri bilen hatda Hazar deňziniň ýakalarynda goş ýazdyran ors soldatlary bilen döwdüleşip gaýdan gezeklerem bolýardy.

Ine, şolar ýaly tanymal adamy, bir wagtlarky söwer dostunyň ogluny, şägirdini, külli Ahalyň serdaryny atyp öldürmek üçin Gurban mergen häzir onuň geljek ýoluna göz dikip otyr. Şol zatlary aňynda aýlap oturşyna «Wah, köpeý ogly, oka dözer ýaly kişi-hä däldir welin, nätjek-dä… – diýip, gözüne ýaş aýlady. Hamsyksy. Derrewem özüni ele aldy. – Ýok, oňa dözmezçilik etmek bolmaz, oňa hökman jeza bermeli? Ol hökman öz jezasyny çekäýmeli».

Howwa, ol öz etjek işiniň hakdygyna öz-özüni ynandyrmak üçin ýaňky sözleri içinden öwran-öwran gaýtalady. Ýöne, kimdir biriniň gapdalyndan zompa çykaga-da: «Ahow, Mergen aga, sen näme aklyňdan azaşdyňmy? Kim bolupsyň sen uly iliň serdaryna ok atarça? Kim saňa ygtyýar berdi? Beýdip öz-özüňden hüküm çykararyňça?» – diýip üstüne gygyrmagyny, ezeneginden tutup diwardan düşündirmegini, Dykma serdaryň hakykatdan-da bigünädigini, goşunynyň arasy bilen onuň mejbury ýagdaýda, göz tussagy bolup gelýändigini, bu etjek bolup duran işiniň ýalňyşdygyny elinjek subut edip bermegini, soňundanam şonuň hut şeýle bolup çykmagyny isledi. Ýöne…

…Gün mazaly agan hem bolsa, howa entek yssy. Şonuň üçinem, goja suwsaýar. Gapdalynda duran içi suwly goňurja, gulpsuz toýun jürdegiň bokurdagyndan tutup agzyna ýetirýär, ýekeje owurt edibem ýerinde goýýar. Öwran-öwranam ýola garaýar. Haýy giden gurpsyz göwresine agram salýan bu ahwalatyň basymrak başyndan sowulmagyny, häliden bäri özüne ynjalyk bermeýän alasarmyk pikirleriniň basymrak bir ýüzli bolmagyny dileýär.

Ol öýle namazyny diwara münmezden öň okapdy we ikindi namazyny şu ýerde okamaly bolaýsa dagy diýip, gasygy gyssap alyp barýanam bolsa, täretini bozmazlyga çalyşýar. Çünki, şojagaz jürdekdäkiden başga onuň ýanynda suw ýok. Dogry, galanyň içinden suw akyp dur, ýöne, ol bu wagt goja üçin elýetmez. Oňa bu wagt diwardan düşmegem, münmegem bolanok. Sähelçe gymyldy-hereketem duşmanyň öňde ýöreýänleriniň görmegi we gojanyň ähli meýillerini bulaşdyrmaklary mümkin.

Emma Gurban mergen ol ýerde ikindi namazyny okamaly bolmady. Wagt ikindi bolmazynyň öň ýany goşunyň ilk-ä dünýe-älemi tutup gelýän sarymtyl tozany, soňam şol tozanyň asty bilen çala sudur bolup gelýän özi göründi. Kem-

kemdenem aýdyňlaşdy. Tertip-düzgün bilen gelýän goşunyň daş görnüşem, egin-eşiklerem, ellerindäki ýaraglaram goja üçin geň. Üýtgeşik.

Soldatlaryň hemmesi pyýada. Özlerem, diýseň ýadaw. Daşyndan seredeniňde dabara bilen hüjüme barýan goşuna däl-de, tutulyp getirilýän ýesirlere meýzeýärler. Soňky günleriň argynlygy olaryň başky badyhowalyklaryndan nam-nyşan goýmandyr. Aýaklarynda çepekmi, çokaýmy, Gurban mergen doly anyklab-a bilmedi welin, şoňa meňzeş bir zad-a bar. Injiklerine çenli dolanan dolaklarynyň üstünden bolsa üzük-ýoluk ýüp bilen emelsiz halda terslin-oňlyn oralypdyr. Eşikleri derden ýaňa gatap, eginlerinden ep-esli ýokarda gabarylyp dur. Balaklary her gezek ädenlerinde «şokur-şokur» ses edýär. Käbirleriniň aýaklarynyň ýalaňaçdygy, gan gabarçakdygam köne awçynyň ýaşyýna bap gelmeýän ýiti göreçlerinden sypmady. Olaryň bu bolup gelişlerini görende, gojanyň tebigy duýgusy oýanyp, olara nebsi agyrjak boldy. Ýöne, kimdikleri, nirä barýandyklary ýadyna düşendenem : «Gaýdyşynyňyz mundanam beter güne düşäýediňiz-dä hern-ä», diýip olara öňküsindenem has ýigrençil garady.

Esgerleriň köpüsi Gurban mergeniň bukulyp oturan diwarynyň düýbünde düşlediler, hä diýmänem obanyň ilersindäki bakjalyga bakan ýüwürdiler.

Gawunyň esasy hasyly sowlupdy. Sowulmadygynam her kim ýygyp, malyna ýükläp, ýany bilen alyp gitdi. Şonuň üçinem, soldatlaryň çolpusyna terneden başga ilen zat bolmady. Şeýle-de bolsa, olaryň bu bolup ýörüşleri Gurban mergene ýakmady. «Hä-ä… Eneňiz ekip, ataňyz suwa ýakandyr şo bakjany… - diýip, garaçyny bilen gyjynanda dişsiz kentlewükleri awap gitdi. – Bokurdagyňyza tegek bolaýady-da hernä… – Ol hor, süňklek ýumrugyny şolara tarap gezedi. – Tegek bolaram işşalla...»

Şolaryň yz ýany bilen, Gün doly ýaşmanka gelip ýeten atly goşunyň esgerleri bolsa öz parçalanlary bilenem oňman, atlaryny doýurmak üçin biýaralaram ýeke-ýeke sogrup alyp, düşelgä daşap başladylar. Bu ýagdaý gojanyň garry göwnüni öňküdenem beter ynjytdy.

Goşun bolsa bölek-bölek, entegem gelip dur. Içinden gawunçylar bilen sögüşip oturanam bolsa, gojanyň bar ünsi şol tarapda. Ol şolaryň arasyndan Dykma serdary gözleýär. Onuň ýazzy maňlaýyndan çüýläsi, türkmene dönük serdaryň gerek däldigini gelmişeklere subut edesi, il-güne bolsa: «tüweleme, Gurban mergen-ä ýaşynyň soňunda iş bitiripdir, janyny orta goýup, men diýen jahyl ýigitleriň başaryp bilmedik işini edipdir» diýdiresi gelýär.

Birdenem onuň gözi birgiden ors soldatlarynyň arasy bilen ýüzlerini sallaşyp gelýän türkmen atlylaryna düşdi. Galanlaryny tanamasa-da, Dykma serdar bilen Sopy hany tanady. «Be-e... bi äteňenäledem bar ekenow, oň ýanynda – diýip, başyny ýaýkady. – Ine, ikinji ok kim üçin ekeni. Eýesiz galýany indi ýekeje ok.

Zyýany ýok, men onam ýele-hä goýbermen. – Goja bir zat ýzdyna düşen ýaly «patladyp» buduna urdy. – Ýok, how, men ony bularyň iň ulusyna bererin. «Baş bolmasa göwre läş» diýipdirler, şony alybilsem ýagynyň şu ýerden yzyna dönäýmegem ahmal. Juda bolmasa-da şony alybilsem galanyny oglanlaryň özleri bir zat ederler».

Howwa, goja şeý diýdi-de, hatarlanyp goýlan tüpeňleriň çep tarapkysynyň ýanyna bardy. Ilkinji awuny nyşana aldy. Ýöne, gaýda-gaýmalaşyk goja birsyhly päsgel berdi durdy. Bir görseň serdaryň öňüni öz ýigitleri gabaýar ýene bir görseň soldatlar, garaz, bolanok. Kimiň näme edip ýöreni welin belli däl. Dogry, olaryň haýsysyna degäýende-de Gurban mergeniň nebsi agyryp duranok. Näme edip, näme goýup ýörenleri bilenme işi ýok. ýöne, oňa Dykma gerek. Dönük Dykma gerek. Onuň indi oňa «serdar» diýmäne dilem baranok. Diýesem gelenok. Diýmezem. Ýurduň abat wagty serdarsyran bolup, ykbaly humara goýlan günem bagy goýnuňky ýaly ýagly syrtyny özüniňkilere tarap öwren dönüge ol hiç wagtam serdar diýmez. Asla hiç zadam diýmez. Ine, dek häziriň özünde maňlaýyndan otlar-da, janyny jähennem bazaryna iberer welin, bolar duruberer.

Elbetde, ony bendi eden bolaýmasynlar, diýen pikir Gurban mergeniň aňyndan entegem aýrylanok. Gulbatyr serdaryň tä şu ýerden ugraýançalar: «Bir emmasy bardyr» diýip, özelenip aýdan sözlerem henize çenli gulagynda ýaňlanyp dur. Şonuň üçinem, Dykma serdaryň dolmuş ýüzi diduwanyň tegelek egremçesiniň içine dolan wagty bir zatlar aňmak üçin siňe-siňe seredýär. Seretdigiçe-de öz etjek bolýan işiniň ýalňyş bolaýmagynyň ahmallygyna bolan ynamy güýçlenýär. Çünki, daşyndan görmäge Dykma serdaryň özem, ýoldaşlaram keýpihon barýana-ha meňzänoklar. Elleri arkalaryna daňylgy bolmasa-da, billerinde ýaraglary ýok. Iň ýamanam ýüzlerinde ruh ýok. aladaly. Ahmyrly. Daş-töwerekleri bolsa soldatdan doly. Diýmek, olar saklawly.

Bir gezek Dykma serdaryň çep döşi nyşana gowy gabat geldi, ýöne, ol wagt eýýäm Gurban mergeniň aňyny: göz tussag bolaýmasynlar, diýen pikir doly öz erkine alypdy.

Oňa çenlem Dykma serdar dagyny gyssagara gurlan gara öýe saldylar. Özem edil, goýun sanan ýaly ýeke-ýeke sanap saldylar. Sanaw wagty gapynyň her tarapynda bir soldatyň, beýle ýanlarynda bolsa on-onki sany soldatyň dim-dik bolşup hekgerilişip duruşlary gojanyň: şular tussag edilen bolaýmasyn, diýen iňkisini hasam artdyrdy.

Şondan soň Dykma serdaryň adamlaryndan hiç biri görünmedi. Hiç biri daş çykmady. Öýüň agzyndaky saklawlar aýrylmady.

Oňa çenlem garaňky düşdi. Gurban mergen Dykma serdaryň göz tussagy bolup barýandygyna doly göz ýetirdi we tüpeňiniň nilini uludan gallanan oduň başynda terne gemrişip, ala-goh bolşup oturan soldatlara tarap öwürdi.

Ol her tüpeňinden bir gezek, jemi üç gezek atdy. Onuňam ikisi nyşana degdi. Biri «pys» geçdi. Ýöne, şondan artyk atmana onuň okam ýokdy, ýagdaýam.

... Gurban mergen türkmenleriň iňňän mert hem namysjaň halkdygyny orslara subut eden ilkinji adamlaryň biri boldy. Şu çaka çenli goşunyň içinde Ruhy batyryň, Garabatyryň ady ýörgünlidi. Şonuň adyny eşitdikleri töwereklerine garanjaklaşyberýärdiler.

Şol gijeden soň şol iki adyň üstüne gojanyň adam goşuldy. General Lomakiniň hut özem ony: hakyky gahryman diýip atlandyrdy. Mundan bu ýana her ädimde hüşgär bolmaklygy soldatlara berk tabşyrdy. Gojanyň merdana hereketi soldatlaryň Ahal ülkesi, onuň adamlary baradaky ozaldanam edip gelýän pikirlerini düýpgöter üýtgetdi.

Umuman alanyňda-da, goşunyň içinde bu ýöriş barada üç dürli pikiriň bardygyny belläp geçmek gerek.

Olaryň birinjisi ýolbaşçy toparlara degişli. Olar üçin diňe ýeňiş gerek. Ýeňiş olary şöhrata ýetirmeli. Şanlaryny artdyrmaly. Iň bolmanda çinleri galdyrylar, şundan buýanky ösüşlere itergi bolar, basgançak bolup hyzmat eder. Şonuň üçinem, haýsy tarapdan näçe adamyň gyryljakdygyna garamazdan, olar diňe söweşe höwes edýärler. Ýeňişe ynanýarlar.

Ikinji pikir öň ors-türk urşunda bolup görenlere we orta çinli ofiserlere degişli. Olary ýörüşiň öň ýany komandowaniýanyň özi seçip alyndy. Çünki olaryň bu jähtden tejribeleri ýetik. Edil birinji pikiriň tarapdarlary ýaly ölüp-öçüp barmasalaram, bularam gaty bir şolardan pes päl hem däl. Ýöne, syr bildirmeýärler. Ýeňjekdikleriniň ikuçsuzdygyna şübhelenmeýärdiler.

Üçünji pikiriň tarapdarlary Iwaşow ýaly ýönekeý soldatlar we kiçi çinli ofiserler. Olar diňe berilýän buýruklary bilýärler. Ölmelimi-ölmeli. Galmalymy-galmaly. Iki – ýeke Çurkin ýalylar bolaýmasa, olar seslerini çykarmaýarlar. Jebri-jepa çekselerem zeýrenmeýärler. Olaryň şu häsiýetleri tä, Gökdepä golaýlaýançalar dowam etdi.

Gepiň gysgasy, tutuşlygyna alanyňda goşun ugramazdan öň, Ahal ülkesim, tekeleriň hüý-häsiýetlerem doly derejede öwrenilmändi. «Topumyzyň nilini

gördükleri ellerini göterişip öňümizden çykarlar» diýen düşünje bilen ýola çykypdy.

Bendesende başlanan söhbetdeşligi dowam etdirmek üçin, general Lomakin Dykma serdary, Arçmanda düşlenen gijesi ýanyna çagyrdy.

Serdary iki sany soldat general üçin ýörite gurnalan gara öýüň gapysyna getirdi. Ony öňki dilmaç garşy aldy we gapynyň eňsisini galdyryp näme üçindir ulumsylyk hem äsgermezlik bilen:

— Giriberiň – diýdi.

Serdar gapydan girenden başy papaksyz, egni harby eşiksiz köýnekçe oturan general, stoluň başyndan turdy. Salamlaşdy. Görüşdi. Öz oturan ýerinden ýer görkezdi. Oturandan soň iýer-içer ýaly zatlardan mürähet etdi.

Dykma serdar stoluň üstündäki kiçeňräk samowara, kiçijik tarelkajyklaryň içindäki gapdallary, hatda gulplaryna çenli haşamlanan, içi kiçijik demir çemçeli çaşkalara, ulurak tarelkanyň içindäki gant üýşmegine, suharilere, kökelere gözüniň gyýtagyny aýlady-da, işdäsiniň ýokdugyny, ýaňyja naharlanandygyny aýtdy. Şondan soň general ondan özüne, ýoldaşlaryna nähili seredilýändigini, nähili hezzet-hormat edilýändigini sorady. Telpegini ýeňseräk süýşürip, maňlaý derini ullakan ýaglygy bilen süpürip oturşyna Dykma serdar generala nägile nazaryny dikdi.

— Hiç neneň däl, tüweleme hezzet-hormatdan kem bolar ýaly etmediňiz. Myhmanparazlygyňyza söz ýok.

Indi onuň öňki alçaklygynyň ýoklugyny, sähelçe zat üçinem ýaryljak bolup, galkyjaklap oturşyndan generalyň özem duýdy. Elbetde, özüni çykgynsyz güne salandygy üçin ol generaldan kineli. Ýeke ondanam däl, tutuş Orsyýetden, ors hökümedinden kineli. Ol özüni komandowaniýe tarapyndan kemsidilen hasap edýär. Şu zatlardan ak patyşanyň habarsyzdygyna bolsa ynanmaýar.

General çaýyňny ýa başga bir zadyň badynamy, çygjaryp duran ýüzüni kiçijik, akja elýaglygy bilen ýelpäp oturşyna edil öňki gezekkisi ýaly terjimeçisini ýanyna çagyrdy-da, özünden göwni hoş halda söze başlady.

— Görşüňiz ýaly hormatly Dykma serdar, biz siziň ülkäňize girdik. Urşuň gutulgysyzdygy, ýitginiňem esasan türkmenlerden boljakdygy bolsa indi iki tarapa hem äşgär. Oňa özüňizem göz ýetirensiňiz. Şonuň üçinem, siz maňa aýdyň, biz nädenimizde galany bu diledüşmez halky az ýitgä sezewar edip alyp bileris?

— Siz meni şo tarapa näçe çalt iberseňiz, şonça-da galany çalt alyp bilersiňiz.

— Näme üçin? Nädip?

— Men olara ýene bir gezek töwella ederin. Uruşmaň, gelýän goşun güýçli, diýerin.

— Töwellaňyzy almasalar näme?

— Onda hakykatdan-da uruş bolar, ýöne, haýsy tarapdan az, haýsy tarapdan köp adam gyryljak, ony bir Alla biler.

— Sizem özüňiziňkiler bilen bir hatarda durup, bize garşy söweşersiňiz? Şeýle dälmi.

— Elbetde.

Lomakin gürrüňdeşini sözünde tutan ýaly, barmagyny çommaldyp hileli ýylgyrdy.

— Görýäňizmi? Siz özüňizi bize dost hasap edýärsiňiz. Emma garşymyza uruşmana welin taýýar.

— Sizem nijembir ýyl bäri özüňizi bize dost hökmünde görkezjek bolduňyz, emma ine, ahyrsoňy üstümize goşun çekip geldiňiz. Onsoňam, dost diýeniň öz öýüne gelen dostuny tussag etmez.

General çaşkasyny eline alyp çaý owurtlady-da, boş elini bir gapdala serdi.

— Siz bize goşun çekip gelmekden başga ýol goýmadyňyz. Dostlukly ganaşyklardan ýüz öwürdiňiz. Indem biz uruş ýagdaýynda. Uruşda bolsa kada-kanun bolmaýar.

— Her hili ýagdaý bolanda-da ilçi babatdaky halkara kanun berjaý edilmelidir. Ony saklamak, tussag etmek, öldürmek gadagandyr. Bu ähli döwürler, ähli halklar, ähli ýurtlar üçin berjaý edilmesi hökman bolan ýeke-täk ýörelgedir. – Dykma serdar ýerinden turdy. – Men ilçi bolup geldim. Şonuň üçinem, siziň meni saklamana hakyňyz ýok. Beýtmek bilen siz diňe halkyň gahar-gazabyny artdyrarsyňyz. Özüňiziň bolsa halkara derejesindäki abraýyňyzy gaçyrarsyňyz. Ýeke özüňiziňkini däl, tutuş ors hökümediniňkinem ak patyşanyňkynam gaçyrarsyňyz.

— Bu, aýdýanlaryňyz biçeme däl, Dykma serdar. Ýöne, men ýalňyşmaýan bolsam, siz Ahalyň baş serdary bolup durýarsyňyz. Dogrumy?

— Dogry.

— Şeýle bolsa, bizem sizi goýbermesek, onda, baştutansyz galan goşun urşup bilmez. Onda-da biziňki ýaly uly hem ok-ýarag bilen üpjün goşunyň garşysyna. Onsoňam olar eýýäm sizi dönük saýyp ýörler. Düýnki goja-da...

Dykma serdaryň hemişe mähir bilen balkyldap duran gözlerinde gazap ody uçganaklap gitdi. Garaýagyz ýüzüniňkä ýeri aksowult, sowuk reňke öwrülse, kä ýerleri sargylt öwüsdi. Gür gaşlary bäbenekleriniň üstünde birnäçe gezek üýşüp –

çaşdy. Şular ýaly tolgunanda hemişe bolşy ýaly, tutuş süňňi bilen galpyldady. Elleri titredi. Uýluklary saňňyldady.

— Siz asyl meni şonuň üçin saklan ekeniňiz-ow, jenap ýanaral-general – diýende, sesi kapasa düşüp iki ýana urunýan ýolbarsyň «arryldysyna» meňzedi. Bir okda iki towşan urmak islän ekeniňiz-ow. Halk hem-ä serdarsyz galar, urşup bilmez, üstesine-de serdaryny dönük saýar, ruhdan düşer, dyzyna çöker öüden ekeniňiz-ow... Emma bilip goýuň, halk hiç haçan başsyz galmaz. Çünki, türkmende hanam, serdaram,batyram bir ýa iki däldir. Islendik pursatda biri-biriniň ornuny tutjaklar kändir. Meniň ornuma olaryň eýýäm birini saýlan bolmaklaram mümkin. Şonuň üçinem, siz meniň getiren salgyt baradaky teklibimi kabul edip, yzyňyza dönmeseňiz, uruş bolar, men bolsamam bolar, bolmasamam bolar. Dykma serdarsyz galdyk diýip, halk size öz topragyny basgylatdyrmaz. – Dykma serdar sag eliniň süýem armagyny çep döşüne diredi. – Ýöne, ýanyňyzda saklanyňyz bilen, halkyň meň ýagyrnyma «dönük» diýen ýarlygy ýelmejekdigine-de gaty bir ynanyp barmaň. Çünki, halk meni bu gün tanamaly däl. Ol her kime «serdar» adyny beribem ýören däldir. Ol ady menem Güne ýatyp gazanana däldirin, jenap ýanaral-general.

Şol günlikçe gürrüň gutardy. General Dykma serdary kabul edendäkisi ýaly tertip-düzgün hem-de hormat bilen ugratdy. Ýöne, ýüzi başdakysyndan has aladaly, pikirli, şeýle hem ýadaw göründi.

Terjimeçisinem ugradyp ýeke galandan soň, ol çaý içen çaşkasyny stoluň bir gyrasyna süýşürdsi. Gaty çöregiň ulurak owuntyklaryny çöpleşdirip çaşkanyň içine atdy. Galanyny sag eliniň aýasy bilen süpürip çep aýasyna guýdy we onam çaşkanyň içine atdy. Ýerinden turdy. Tärimden asylgy gaýyş, ýol planşetini alyp, içinden Ahal ülkesini görkezýän ýöriş kartasyny çykardy.

Kartanyň köp ýeri boşdy. Bellik edilen ilatly nokatlary görkezýän ýerleri azdy. Bu bolsa ýörişe çenli ençeme ýyllap, ençeme gezek barlag geçirilen hem bolsa, Ahal ülkesiniň doly kartalaşdyrylmandygyny aňladýardy.

## 16. Galadaky taýýarlyk.

Goşunyň golaýlaşýandygy baradaky habarlaryň ýygjamlaşmagy, şeýle hem ekabyrlaryň üznüksiz tagallalary bilen, gala göçüp gelýänleriňem sany artyp başlady. Mähnet diwarlaryň derwezeleriniň girim-çykymy içindäki erewde-berewlik köpeldi. Galanyň gurluşygyna jogapkär adamlar häli-şindi iş üstüne aýlanyp durýarlar we her hili görkezmeler berýärler.

Gurluşyk, göç-gon meselesi bilen bir hatarda urşa taýýarlyk işlerem gije-gündiz dowam edýär.

Öňi bilen-ä, Aşgabatda geçirilen uly maslahatyň gelen netijesine görä, Änewdäki ýeke-täk, topy getirip, Diňlidepäniň üstünde dikdiler.

Halk ondan köp zada garaşýar. Aýratynam aýallaryň tamalary uly. Olar onuň daşyndan aýlanşarlar-da, ýaşmaklaryny çalarak aşak düşürip: «Jan dogan, hiý şuň öňünde ýagy durubiler öýdýäňizmi?» – diýip, ýuwaşjadan pyşyrdaşýarlar. Çagalaryňam top baradaky düşünjeleri şolaryňky bilen deň. Olaryň pikirine görä, şolar ýaly top dünýäde başga hiç ýurtda ýokmuşyn. Orslaram şu ýerde şular ýaly aýylganç guralyň bardygyny bilmän gelýärlermişin. Biläýenlerinde dagy tekä tarap gaňrylyp bakmajakdyklary düşnüklimişin. Ýöne, şuňa gözleri düşenden, zut gaçyp gitjekdiklerine welinşübhe ýokmyşyn.

Abdylla ussa Ahally ýaly şägirtleri bilen gije-gündiz şol topuň daşynda aýlanyp ýör. Elbetde, olar arasynda beýleki ussaçylyklarynam edýärler: tüpeňler üçin ok guýýarlar, däri ýasaýarlar, ýarag bejerýärler, gylyç taplaýarlar, pyçak çarhlaýarlar. Şolar ýaly hysyrdylar her bir öýde-de dowam edýär. Halys ýaragy ýoklar uzyn syrygyň ujuna gykylyk, gaňyrçak ýa keser daňyp özboluşly «naýza» ýasaýarlar. Paltadyr-teşe, pildir-çarşak bilen ýaraglanýanlaram bar.

Enehakyda başlyklaýyn gelin-gyzlaram edil erkekler ýaly syryklaryň ujuna gyrkylyk daňyşyp, ony her daýym howa sary ülňäp-ülňäp görýärler, ýere sanjyp berkligini barlaýarlar. Soňam uludan demlerini alýarlar-da, galanyň diwarlarynyň üstündäki eginlerini terezilendirip, duşmanyň ýoluna garap duran ýigitlere bakan kemsinmek duýgusy bilen seredişýärler, özleriniň ýigit bolup dogulmandyklsry üçin gynanýarlar, şolaryň duran ýerinden özlerine-de orun berilmeýändigine namys edýärler.

Boýdaşlarynyň şol duýgularyny köşeşdirmek üçin, Enehakyda olara gadymy oguz gyzlarynyň gahrymançylykly işleri barada gürrüň berýär. Sylyjan hatyndan, Burla hatyndan, Barçyn salyrdan, Günin görkliden söz açýar. Ýurduň başyna düşen bu kyn günde joralarynam şolar ýaly mert bolmaklyga, ýigitler bilen bir hatarda durup, duşmana gaýtawul bermeklige çagyrýar.

Täze göçüp gelenleriň köpüsi öý dikmek, çatma gurmak, tüm gazmak bilen meşgul. Alakanyň hinine meňzeýän tümler esasan azyk-suwluklary, öý goşlaryny, gymmatbaha zatlary saklamak, top okundan penalanmak üçin, öýler, çatmalar bolsa ýaşamak üçin niýetlenen.

Galanyň içindäki jemendäniň urşa ýarawsyzynyň sany ekabyrlaryň hasaby boýunça otuz müň boldy. Öý sany on iki müň. Urşa ýaraýanlaryň atlysy on bäş müň, pyýadasy ýigrimi müň. Bulardan başga Nurberdi hanyňam bu gün-erte Marydan alty müň atly goşun we alty sany top bilen gelmegine garaşylýar.

Galanyň içine sygmadyk dört ýüze golaý maşgalanyň öýi galanyň daş ýüzünde, demirgazyk derwezäniň öň ýanynda dikildi.

Gurbanmyrat işan öz egindeşleri bilen käte iliň ýygnanýan meýdanynda, käte diwarlaryň üstündäki ýigitleriň arasynda, käte Diňlidepäniň düýbüne üýşýän ekabyrlaryň arasynda peýda bolýar we at üstünde sakgalyny, gök ýektaýynyň syýlaryny epgekli, gyzgyn şemalyň ugruna galgadyp oturşuna öňkülerindenem has aýgytly surata giren ullakan, ala gözlerini daş-töweregine aýlap:

— Adamlar! Ors baýarlary biziň töwellamyzy almadylar. Çünki, olaryň maksady bizi basyp alyp, özleri ýaly käpir etmek. Käpir bolmadygyňy gyrmak. Şonuň üçinem bek biliň: bu uruş-din urşudyr. Din gylyjynyň dessesini mäkäm tutuň! Käpirlere per bermäň. Aslyýetinde, bu ýagy bize alamana gatnap köp-köp musulman bendeleriň ganlaryny nähak döken käbir ýaramaz adamlar zerarly Allatagalanyň ýollan jezasydyr. Ýüzüňize bala-çagalaryňyz, zenanlaryňyz garap durkalar, mert boluň, berk duruň... – diýip, wagyz-nesihat edýär. Onuň ýanynda köplenç Kerimberdi işany hem görmek bolýar.

Şolar bilen bilelikde, käte olaryň öň ýany, käte yz ýany egni ýüpekden dokalan gyrmyzy donly, başy buýralary zire-zire bolup, seçelenip duran silkme telpekli Berdimyrat han atyny säpjedip peýda bolýar. Kümüş gaşly eýeriň üstünde sarsman, syrdam göwresini dik tutup oturan han her baran ýerinde gylyjyny gynyndan «şowurdadyp» çykarýar-da, depesinde bulaýlap, ýigitleri söweşe ruhlandyryjy sözleri dabara bilen aýdýar.

— Ýigitle-er! Allanyň bize bagş eden abraýly güni ýetip gelýä! Toý mütdedi golaýlaşýa... – diýende, hemmeleriň endam-jany jümşüldeşip, gözlerinde dogum uçgunjyklary uçganaklaşyp gidýär. – Bu toýy hem biz edil öňki toýlary sowuşymyz ýaly abraý bilen sowmalydyrys. Watan, il-gün, ar-namys ugrunda ölmek üçin şundan amatly pursat bolmaz...

— Arkaýyn bol, Berdimyrat han! Enşalla biz duşmany ýeňeris!

— Alla bizdendir!

— Duşman Ahala aýak sekmez!.. – diýen ýaly joşgunly sözleri eşidibem, ol üzeňňä galýar-da, gylyjyny gynyna salyp olara tarap telpegini bulaýlaýar. Soňam atynyň başyny beýleki diwarlaryň üstünde gaýmalaşyp ýören ýigitlere tarap öwürýär. Galanyň eýýäm boýy ýeten diwarlarynyň üstündäki uly ýola gözegçilik edip duran ýigitleriň ellerindäki naýzalaryň gür tokaý ýaly bolup görünýändigine gözi düşende buýsanjy artyp, indiki baran ýerlerinde hasam ynamly gürleýär.

Galanyň gurluşygyna gözegçilik etmek üçin, mahal-mahal Orazmämmet han, Gulbatyr serdar, Hanmämmet atalyk ýaly atly-abraýly adamlardan ybarat ýörite topar hem aýlanýar. Olaryň hemmesem edil dilleşen ýaly, işi köp synlaýarlar, az gepleşýärler. Geplänlerinde-de ýuwaş sözleýärler. Tutuma

göwünleri ýetmän ýa maslahatda sözleriniň geçmändigi üçin kine edip däl-de, häsiýetleriniň şeýledigi üçin ýuwaş şeýdýärler. Hanmämmet atalyk hasam ýuwaş sözli. Ýöne, onuň pyşyrdap aýdýan sözlerem menziline ýetmän galanok. Çünki, gylygyna, gepe çeperligine belet her bir adam onuň dodaklary gymyldap ugrandan, durşy bilen gulaga öwrülýär. Hywa hany oňa ýöne ýerden: «Ol bir dilli tüýdük. Onuň sözünde-de hata ýok, özem bihal adam däl. Göni başyny alaýmasaň, gepletseň-ä ölümden sypar», diýip, uly baha beren däldir. Orazmämmet han bilen Gulbatyr serdaryň bolsa asla ýasawary agras. Gygyraly diýenlerinde-de bokurdaklaryna zor salyp bilmeýärler. Ähli harasatlary içinde. Bir söz aýtjak bolsalar telim wagtlap içlerini hümledip oturýarlar, aýtjak sözlerini ölçerýärler, dökýärler, oýlanýarlar. Kimdir birine beren jogaplary göwünlerine jaý bolmasa, ýa öz wagtynda berip bilmeseler, telim günden soň käte telim aýdan soň, hatda telim ýyldan soňam: «Häý, şol gezek şoňa şeýleräk jogap beren bolsam göwne jaý boljak ekeni», diýip, ahmyr çekýän wagtlaram bolýar. Şular ýaly häsiýetnamany Gulbatyr serdar babatda-da dowam etdirmek mümkin. Ol dymmalykda Orazmämmet handanam geçiren. Şeýle hem hiç haçan, hiç kimiň ýüzüne gelmeýär, şeýle-de bolsa, onuň senden hoşdugyny ýa nägiledigini gözleriniň şöhlesinden, dodaklarynyň müňküldisinden, hususanam giň maňlaýyndaky sanaýmaly, kese geçýän egri-bugry çyzyklaryň hereketlerinden aňmak bolýar. Ol at ýüzli, ujy sähelçe tommaýrak uzyn burunly, gaşlak, eňegi çürüräk, iri süňkli, gaty bir uzyn bolmadyk sakal-murtly, epeý adam.

Olaryň hemmesem, göwreleriniň uludygyna ýa kiçidigine garamazdan, öz borçlaryna, özlerini alyp baryşlaryna görä epeý görünýärler. Şonuň üçin, göwresiniň beýlekilere görä çepiksijedigine garamazdan Hanmämmet atalygam olardan pes görnenok. Galanyň gurluşykçylaram, urşa taýýarlyk görýänlerem, kime gulak asmasalar-da, şol «epeý» adamlara gulak asýardylar.

Garabatyryň ýolbaşçylygyndaky atly goşunyň bir bölegi Bendesenden bäri topar-topar bolup, kä sagyndan, kä solundan çozup, duşmana birsyhly päsgel berip gelýär. Duşman Börmä gelenden soň, olaryň hereketleri has hem işjeň häsiýete eýe boldy. Şonuň iň ähtibarlysy bolsa, Bäherden bilen Durun aralygynda bolup geçdi.

Şol gün agyr goşun Bäherdende goş ýazdyrdy. Bir bölek atly otrýad bolsa Duruna tarap ýola düşdi. Muny goşunyň her bir hereketini sypdyrman, garaba-gara synlap gelýän türkmen atlylaram gördülere. Şonuň üçinem, bölek otrýad esasy bölümden saýlanansoň, Garabatyryň görkezmesi boýunça, ellä golaý atly olaryň

üstüne çozdy. Duýdansyz çozuş soldatlary diýseň aljyratdy. Olar ur-tut at başyny yza öwrüp gaçmak bilen boldular. Ýigitler olary oka tutdular. Oklarynyň gaty bir kär edibilmeýändigini bilibem gylyçlaryny syrdylar-da, atlarynyň jylawyny gowşatdylar, çalaragam debsilediler. Üstündäki ýigitleriň göwün isleglerini her bir owunjak yşaratlaryndanam duýmany başarýan, ýüwrük aýakly türkmen atlary edil ýaýdan sypan ok deý, «şuwwuldaşyp», duşman sary süýndiler ötägitdiler. Aralygy, hatda ýigitleriň öz hasabyndanam has basym ýygyrdylar. Soldatlar gaçyp baryşlaryna, yzlaryna öwrülip atýardylar we şol ýagdaýda olara ýigitleriň birini, ýaralamak başartdy. Emma ol barybir hatardan çykmady. Yzyna öwrülmedi. Ýoldaşlary bilen birlikde kowgyny dowam etdirdi.

Yzlaryndan ýetişleri ýaly, iki soldaty çapyp, atyndan agdardylar. Soňam ýetişibildigiklerinden gylyçlaryny işletdielr. Atdan agýan soldatlaryň sany gitdigiçe köpeldi. Kömege çagyrýan çirkin sesleri «doganjyklaryna» özlerinden öňürti baryp ýetdi.

Oňa çenlem ors goşunlarynyň düşelgesine golaýlaşdylar. Soldatlaryň yzyndaky kowgunçylary görüp, goşundan iki ýüze golaý atly saýlanyp gaýtdy. Ýigitler at başyny çekdiler. Yza öwrüldiler. Dragunlar olary tä, Duruna çenli kowaladylar. Obasyna ýetmänkäler, türkmen ýigitleri birdenkä, ýoluň iki gyrasyny tutup duran, adam boýy gür künjülige urdular. Dragunlar ýoldan çykmana het edip bilmediler. Egerde künjülige uraýsalar ýaňky ýoldaşlarynyňkydanam beter kyn güne düşäýmekleriniň ahmaldygyna düşündiler we ur-tut yzlaryna öwrülmak bilen boldular.

Ýene bir hüjüm Garagan obasynyň deňinde, gije bolup geçdi.

Goşunyň düşlän ýerinden günbatarda, dag tarapda bir ýap akýardy. Soldatlar şol ýaldan atlaryna suwa ýakýardylar. Bu ýagdaý hem olary ädimme-ädim yzarlap gelýän ýigitleriň nazaryndan sypmady. Garabatyr bu gezek duşmany biynjalyk etmekligi Garly gaýşaga tabşyrdy. Ol birnäçe ýigitleri ýanyna alyp ýabyň golaýyna bardy we künjüligiň içinde güzeri garawullap oturdy.

Häli-şindi biynjalyk edilip durulansoň, soldatlaram ätiýajy elden bermeýärdiler we aňsat iki-ýeke çykmaýardylar. Onda-da gijesine. Şeýle-de, bolsa bäş sany töwekgel tapyldy. Ýöne, ýalňyşdylar. Güzere gelip atlaryny suwa goýberdilerem welin, Aýyň aýdyňlygyndan peýdalanyp, Garly gaýşak dagy olary oka tutdular. Soldatlaryň ikisi duran-duran ýerlerinden «pagşyldaşyp» suwa ýykyldylar. Olar hatda gygyrmana-da ýetişmediler. Üçüsi müpeň sesi çykandan, suwaryp oturan atlarynyň jylawyny ellerinden taşladylar-da, pyýadalap gaçdylar. Ýigitler olaryň atlaryny tutdular. «Tark-turka» düşelge tarapdanam ýigrimi sany gazak çapdyryşyp geldiler. Ýigitler oalryňam onusyny atyp öldürdiler. Galan

onusy gaçmak bilen boldular. Ýarym sagatdan soň birgiden pyýada soldatlary yzlaryna tirkäp yzlaryna geldiler.

Ýigitler san taýdan özerine görä birnäçe esse köp görünýän soldatlar bilen söweşjegem bolmadylar. Böküp atlaryna mündüler-de, olja düşen iki atyňam jylawyndan, tutup assa-ýuwaş ol ýerden daşlaşmak bilen boldular. Ýöne, soldatlar olary aňdylar we çen bilen oka tutdular. Çawup gelen ok olja alnan atlaryň birini ýaralady. Ony taşlamaly boldular.

Şeýdip, şol gijeki waka tamam boldy.

Garabatyr öz ýigitleri bilen şeýdip, tä, Gökdepä çenli gaça uruş edip, duşmana wehim salyp geldi. Şondan soň Berdimyrat han oňa uly galanyň günorta-demirgazyk burçundaky kiçi galajygyň içinde ýerleşmek barada habar gönderdi. Kiçijik gala ýanaşyk gurlan harazyň içinde-de iki ýüze golaý atly ýigit goýuldy. Kiçijik gala duşmany ilki bolup garşylamaly. Gerek bolsa öňürti çozmaly, egerde duşman öňürti çozsa berk gaýtawul bermeli. Uly gala tarap goýbermejek bolmaly. Güýçleri asgynlaberse, harazyň içindäkiler olara kömege barmaly.

Galajykdan öňde, duşmanyň geljek ýolunyň daş-töweregindäki künjüli meýdanda hem birnäçe mergenleri ýerleşdirdiler. Ýerli ýagdaýa näbelet duşmanyň künjüli meýdanda aljyrajakdygy atly goşunyň-a asylam hereket edip bilmejekdigi görnüp dur. Mergenler bolsa, her gezekki atyşykdan soň, künjüligiň içi bilen nirä çekilmeli, nirede täzeden duşuşmaly hemmesini öňünden ölçäp, biçip goýdular.

Galanyň içindäki we daşyndaky taýýalyk işleri umuman alanyňda şolar ýalyrak.

Diwarlaryň üstünde duşmanyň ýoluna garap gylyçlaryny çalşyp, tüpeňlerini arassalaşyp oturan ýigitleriň bolsa içlerini it ýyrtýar. Duşman bilen garpyşmaga howlukýarlar. Olaryň biri:

— Orslaryň näçe kellesi barkan-aýt – diýip, bälçirese başga biri:

— Olaňňam janlary birmikä ýa ikimikä – diýip, ýaňsyly gürleýär. Üçünji biri bolsa:

— Tenlerine tyg bir ötýämikä ýa şol, syhap oturmalymyka – diýip, «hikir-hikir» gülýär. Ýene birem ýola bakyp durýar-durýar-da:

— Al-aýt kän garaşdyrdylar-aý, Kakamyz Hywa gidende-de ýoluna şunça garamandyk – diýip, uludan demini alýar.

Käbirleri bolsa topar tutup öň onda-munda orslar bilen çaknyşyp görenleriň ýanlaryna barýarlar-da, ýaňky ýaly bolgusyz soraglaryny olara-da berýrler. Olaram entek gara görmedik bu ýigitleriň badyhowa gürrüňlerini sessiz-üýnsiz diňleýärdiler-de:

— Aý, ony ine, basym özüňizem görersiňiz – diýşip, işli-işleri bilen boluberýärdiler.

Hanmämmet atalyk ýaly Gazawat gyrgynçylygyny gözi bilen gören adamlar bolsa, bilgeşleýin dowul ýaýradýalar diýen gepe galmazlyk üçin seslerini çykarmaýarlar.

Ýigitleriň käbirleri bolsa käte bir ýere üýşýärler-de, mesaýy gürrüňlere başlaýarlar. Dykma serdar baradaky «myş-myşlary» ara alyp maslahatlaşýarlar. O gürrüňem bir ýüzli bolandan soň gezek gyz-gelinlere ýetýär. Ondan soň öýlenmedik ýigitleriň ýa-da sallah gezip ýören dullaryň üstünden düşýärler. Şolaryň birem otuz ýaşap barýan Atda kelew. Oňa her kim bir zat diýýär.

— Aý, bu indi öýlenmez, bi-i...

— Näm üçin?

— Sebäbi, bu gyzlaryň ysyna bolmaýamyşyn.

— Beh, il-ä gyzyň ysyna zar. Öňde-de bir şahyr: «Saçy sünbül, ysy ýupar» diýip öwüpdir-ä gyzlaä ysyny.

— Öwse-de bu şoňa bolanokmyşyn.

— Gyzlaň ysy ýakmaýan bolsa gelin alaýsyn.

— Alaýyn diýende näme, üýşüp ýatan gelin bamy-aý?

— Tapylar, tapylar.

— Haý, näbileýin-dä.

Atda kelewiň özi bolsa bu gürrüňleri diňlemejek bolup diwaryň üstünde aýläk-beýläk gezmeläp ýör. Ýigitlere tarap gyňraýlyp durşuna bir zatlar diýip hüňürdeýär, sögünýär, gyjynýar, sallahlygy üçin özüçe bar – ýoklara gep ýassygy bolýandygyna kemsinýär, kejikýär. Namys edýär. «Şeýdip ýörenimden-ä orslar bilen urşup ölenimem gowudyr», diýip, içini gepledýär, göm-gökje, kiçijik gözüne ýaş aýlap, duşmanyň geljek ýoluna tarap bikararlyk bilen garaýar. Özüni şular ýaly kemsitmelerden halas edip biljek şol arzyly pursatyň gelerne garaşýar. Howlugýar. Gaharyna bäs gelibilmän diwaryň ugry bilen iki-baka haýdaýar. Birdenem sakga saklanýar-da, öýkenini ýelden dolduryp, daýaw göwresine gelişmeýän inçejik sesi bilen:

— E-eý häziriň özünde sem boluňe-eý... Bolmasa-da baryňyzy şu diwardan başaşak goýbärin e-eý... – diýip, gygyrýar. Ylgap gelip, dogrudanam biriniň ýakasyndan ebşitläp tutaýarly görünýär.

Diňe şondan soň ýigitler oňa degmekligi bes edýärler-de, Sapar aga atly başga bir, ýaşulyrak adamyň üstünden düşýärler. Gepbaşylaram Hakyda mollanyň goňşusy, elli ýaşlaryndaky Baýramgül tebip. Her kim Sapar aga şony hödürleýär. Ýüzi gazan ýaly gap-gara, göwresi kiçijik, depe saçy düşen, eňegi çüri, ýöräp

barýarka-da irkiljiräp ýören, ölemen naskeş Sarap aga bolsa aýbogdaşyny gurup, gözlerini süzgekledip çep elindäki çöpjagazy bilen ýer gorjalap oturşyna käte bir: «Hym-m» «Hä-ä» diýip, baş atýar, ýalanam bolsa hoş habar hoşuna gelýän borly, içini güldürýär, aram-aramam iki ernniniň gyrasyndan syrygyp gaýdýan ýaşylymtyl suwuklygy sag eliniň aýasy bilen süpürip goýberýär-de gözlerini süzgekledip, töweregindäkileriň ýüzüne ýeke-ýeke seredýär, soňam nasly agzyny dik ýokary tutup:

— Boz, boz, alaýazyn. Sony alaýazyn. Siz göwneseňiz men zazy. Ýöne, hany entek bi, öňümizdäki uly toýy biz sag-aman sowalyň – diýýär-de, ýene-de ýüzüni aşak sallap öňki güýmenjesi bilen boluberýär.

Onuň degişmäni göterýänligi, oýna çydamlylygy, Atda kelew ýaly ur-tut gyzybermeýändigi ýigitleriň henek damarlaryny hasam galdyrýar. Hatda degişmäniň nämedigini bilmeýänlerem, oňa bäş-üç agyz gep atyp galaýanlaryny kem görenoklar. Ýöne, Sapar aga: «Siziňki näme-aý» diýip, ýüzlerini alyp duranok. Gaýtam şular ýaly kyn pursatda uly iliň şatlanmagyna, göwün açmagyna sebäp bolýndygy üçin öz ýanyndan hoş bolýar.

Birdenem Diňlidepe tarapdan aýdym sesi eşidilýär. Bu – bagşy Kör kepele. Ol depäniň günorta-günbatar ýapgydynda oturyp «Görogly», «Döwletýar», «Ýusup-Ahmet» ýaly gahrymançylykly dessanlardan, Magtymgulydan, Seýdiden we beýleki şahyrlaryň ar-namys, watançylyk baradaky goşgularyndan döredilen aýdymlardan yzly-yzyna sepläp gidip otyr. Ony ýanynda oturyp ýörite diňleýänlerem bar, işli-işleri bilen gümra bolup ýörkäler daş gulakdan diňleýänlerem bar. Soňkular köplük. Olar söweşe taýýarlyk görýärler. Oturyp bagşy diňläre wagtlary ýok. oturyp diňleýänleriň aglabasy işe ýaramaýan garry-gurtular. Olar tä, bagşy boldum edýänçä gapdalydan turanoklar. Onsoňam aýdym aýdýan ýeke Kör kepele däl, Tilkiçi şahyr, Ahally dagam aýdýarlar. Başga-da aýdýan kän. Şahyrlaram olardan kem galanoklar. Agşamyň düşmegi, bagşylaryň, şahyrlaryň dynç almak we garbak-gurbak etmek üçin öýli-öýlerine dagamaklary bilen: «Ýa, Alla, özüň medet ber...» diýşip diňleýjilerem «hyk-çok» ýerlerinden galýarlar-da, näderejede ygtybarlydygyny göz çaky bilen bilmekçi bolýan ýaly, hasalaryny arkalaryna goýup, çöňňelişen gözlerini gymşaýdyşyp, garaňka garyşyp barýan galanyň diwarlaryna, onuň üstünde iki – baka gaýmalaşyp ýören goraýjylara tarap çiňerilişýärler. Soň Diňlidepäniň üstünde parlap duran ýaşyl baýdagy, onuň düýbünde bir zatlaryň maslahatyny edip duran ekabyrlary, Abdylla ussanyň ussahanasyny, onuň töweregindäki erewde-berewlikleri synlaýarlar. Uludan demlerini alybam ýene bir gezek Barhudany çagyrýarlar we diňe şondan soň hersi bir ýana bakan mytdyldaşyp ugraýarlar.

Ahalyň iň bir abraýly adamlarynyň biri bolan Gönübek sazanda hem bir ýerde dek duranok. Ol külli türkmeniň agzyny birikdirip bir döwlet gurmak, bir agza balmak ýaly hemişe-de il içinde aýdyp ýören döwletli gürrüňleri bilen gala ýygnanan adamlaryň arasynda gürrüňçilik geçirip ýör. Agşamlaryna bolsa käte Berdimyrat hanyň ýanyna baryp, ekabyrlaryň maslahatlaryna gatnaşsa, käte ýanyna Ahallyny ýa Tilkiçi şahyram alyp, onda-munda, ot başynda üýşüşip, öňde duran uly synag barada özara pikir alyşýan jahyl-juwanlaryň ýanyna barýar. Olara saz çalyp berýär. Göwünlerini göterýär. Ruhlaryny beýgeldýär. Soň Tilkiçi şahyrdan goşgy okap bermegini haýyş edýär. Tilkiçi şahyr onuň bu haýyşyny höwes bilen ýerine ýetirýär. Ýöne, her näçe içini it ýyrtyp barýan hem bolsa aýaly Ogulaýyň aýdan sözüni ýatlap düýn-öňňünki gören aýylganç hem ýowuz düýşi barada dil ýaranok. Ol bu hakda Gönübege-de hiç zat aýdanok.

Bu mähnet galanyň içindäki gije-gündiz bolup geçýän erewde-berewligiň arasynda görünmeýän bir adam bar, o-da Hakyda molla. Ol «kasam» günündäki ýaly juda bir derwaýyslyk ýüze çykaýmasa, hiç ýere baryp bilenok. Ömür tanapynyň keltelendigini indi onuň özem duýýar. Şonuň üçinem, gije diýmän gündiz diýmän, entek öwredip ýetişmedik hakydalarynam Enehakyda öwredýär. Öwüt-ündewlerem berýär. Ogul ýerinde durup, Watany goramaklygy, duşman bilen är kimin döwdüleşmekligi pent edýär. Ony çat maaňlaýynda oturdyp:

— Watanyň başyna bular ýaly iş düşen güni naçardyryn-ow, diýip çetde durmagyn gyzym. Är kimin döwüşgin. Tüweleme, diýdirgin. Ýöne, başyňy goragyn. Sebäbi, sende halkyň hakydasy bardyr. Ol ölmelem, ýitmelem däldir. Sen ony gylyny gyşartman indiki nesillerimize ýetirmelisiň. Ol agyr ýükdür, ýöne gereklije ýükdür. Ony her kes göteribem bilmez. Hakydany taryhyň gatlaryna kesgir gylyçlary, pähim-paýhaslary bilen ýazan adamlaryň özlerem göteribilen däldirler. Sen welin götermelisiň. Götermelisiňem, ýetirmeli menziline ýetirmelisiňem... – diýýär.

Bir gezek ol halyny soramak üçin ýanyna gelen Gönübek sazanda hem şolar ýaly sargyt etdi.

— Gönübek... – diýip, ol şonda dumanly gözlerini tüýnükden düşýän ýyşyga dikip, arkan ýatyşyna ýuwaşja seslendi. – Sazam hakydadyr. Dutaryň kümüş perdeleriniň, şabram kakuwlarynyň arasynda halkyň ömürbeýany ýatandyr. Saz bilen beýan edilýän hakydany hatda söz bilen, beýan edip bolmaz. Sözi öňýeten özüçe üýtgedip biler, emma sazy üýtgedip bolmaz. Üýtgetdigi, binýady bozulan bina ýaly süňňi arassa adamlaryň ýüreginden çykan saz bolanda şeýle bolar. Şonuň üçin senem halkyň şu heýhatly günleri barada saz döretmelisiň. Wakanyň soňuna garaşaýyn diýme. Sen ylahy adam. Seniň ýaly adama munuň eýýäm öňem, soňam

aýandyr. Kemi galsa üstüni soň ýetirersiň. Özüň ýetişibilmeseň yzyny şägirtleriň ýetirer.

Gönübek onuň bilen razylaşdy. Öýüne barşy ýalam bir çilim çekdi-de, dutaryny eline aldy. Bolar-boldajyny, geler-geldejini birlaý göz öňünden geçirdi. Şu günki bolup duran wakalary aňynda aýlady. Birdenem ylhamy joşdy-da, tňze bir mukamyň heňi daglardan inen sil kimin damarlarynyň içi bilen böreň-böreň akdy, gürsüldäp duran ýüregiň üsti bilen aýlana-öwrüle, lars urup gaýnap duran beýnä doldy. Şol gara güýje döz gelibilmän, sazandanyň çepiksije göwresi kä o ýan, kä bu ýan elendi. Hä diýmänem sazyň sudury peýda boldy. Şonda Gönübek onuň tötänden döremändigine, mesenesiniň öz kalbynda köp wagtlardan bäri çiş alyp, sähelçe gondalaw tapdygy yňmana häzir bolup durandygyna göz ýetirdi, dutaryň ýüpek tarlaryny adatdakysyndanam has çalt-çaltdan çalyşdy, güýç yaýdan deň bolmadyk söweşde Ahal ilatynyň ruhuny has-da belende göteribiläýjek täze-täze öwrümleri, inüwleri, çykyşlary gözledi. Tapanlaryny taplady, sünnäledi, käte barysyny ilik-düwme söküp, täzeden kökledi, sepledi, çigdi, çöşdi, işdi.

Ahyram saz taýyn boldy.

Ol sazyň süňňüne uly toýa taýýarlyk görýän galanyň garaňkylykda gorkunç görünýän galyň diwarlarynyň «hüňňüldisem», Ahal ülkesiniň ilersinde elesläp oturan Köpetdagyň kert-kert gaýalarynyň arasyndan sozulyp gelýän dag ýeliniň ýüregiňi gyýyp barýan inçejik hem çalymtyl «şuwwuldysam», günbataryny jähekläp ýatan gyzgyn Garagumuň goňrasdan gelen agras «iňňilgisem», ýetip gelýän ýagynyň at toýnaklarynyň «dükürdisem» eýýämhaçan onda-munda eşidilip ugran top sesiniň «gümmürdisem» siňdi.

Entek uruş başlamadygam bolsa, onuň ýeňiş ýa ýeňliş bilen tamamlanjakdygy nämälim hem bolsa, barybir şol urşuň iki tarapa-da betbagtçylyk getirjekdigine, gurbansyz bolmajakdygyna göz ýetiren duýgur sazanda ol sazyň süňňüne mähremlerinden aýrylan aýallaryň agysynam, garry-gurtularyň ahy-nalasynam, ýetim galan we ýesir bolan çaga-çugalaryň çirkin seslerinem, agyr çaknyşyklarda çarpaýa galyp, aýylganç-aýylganç kişňeşýän aýgyr atlaryň owazynam siňdirdi. Binýadyny bolsa batyr ýigitleriň ýürek gürsüldisinden, çaknyşanda çar tarapa uçgun syçradýan uz gylyçlaryň «jarkyldysyndan» tutdy. Şol zatlaryň ählisiniň aňyrsyndan bolsa ýeke bir Ahalyň däl, eýsem külli türkmen halkynyň asyrlarboýy başyndan geçiren, içi müň dürli ajy külpetlerden doly hakydasy magallaklady durdy.

Ors goşunlarynyň jyda golaý gelendikleri baradaky howsalaly habar galany goraýjylaryň arasyna ýaýrandanam Gönübek sazanda dutaryny alyp Hakyda mollanyň ýanyna bardy. Döreden sazyny çalyp berdi. Ol sazy Enehakyda hem

diňledi. Saz gutarandan soň Hakyda molla tirsegine daýanyp sazandanyň ýüzüne seretdi.

— Sogap iş edipsiň, Gönübek. Bu saz biziň başymyzdan inen bu gowgaly günleri geljekki nesillerimize ýatladar durar. – Ol dutary eline aldy. Gury süňk bolup galan damarlak eliniň aýasy bilen dutaryň kädisine çalarak kakdy. – Bujagaz senetde oýun kändir, ýöne, edil ýaş gyz ýaly ynjykdyr. Duýgurdyr. Gara çynyň bilen köňül berendigiňi duýmasa ýüz berýän däldir. Bu seni hatda öz çagaňdanam aýalyňdanam gabanýandyr. Binýady halal bolmasa, binasy bek bolýan däldir, süňňi seýik tutýan däldir. Sen muňa halal hyzmat etdiň, Gönübek ýüregiňi berdiň. Ömrüňi bagyşladyň. Yhlasyňy, güýjüňi-kuwwatyňy sarp etdiň. Şonuň üçinem, bu seni özi bilen gelejekden-gelejege alyp gider – Hakyda molla dutary eýesine uzatdy. – Bu sazy bolsa sen söweşden soňam dowam etdirersiň. Jeň güni görjek ahwalatlaryňam bu saza täze-täze röwüşler bermäne mejbur eder...

Ylaýyk üç günden soň, guşluk wagtlary Gönübek ýene-de Hakyda mollanyň ýanyna geldi. Hal-ahwal soraşdy. Esli wagtlap ondan-mundan gürüň edip oturdy. Ýöne, näme üçindir ol özüni birhili bisereşgen duýdy. Häli-şindi gorsandy oturdy. Hiç zat ýok ýerden ardynjyrady. Aşaklyk bilen bir Hakyda molla, birem gap böwürde tikin-çatyna güýmenip oturan Enehakyda seretdi. Bir zatlar diýjek bolup agzyny müňküldetdi, emma hiç zat diýibilmedi. Birdenem telpegini çykaryp öňünde goýdy. Içinden kiçeňräk, ak ýaglyk alyp ýüzüni süpürdi. Boldum edenden soň ýaglygy ýerinde goýup, telpegini ýene-de başyna geýdi. Hakyda molla tarap gobsunjyrady. Yzly-yzyna çilim çekdi. Hakyda mollanyň berýän gürrüňlerini, gulagyndan sowa geçirdi. Soraglarynas alasarmyk jogap berdi. Onuň bu bolup oturşy Hakyda mollanyň synçy nazaryndan sypmasy. Ahyram ýüzüni iki-baka sypajakladyp:

— Bir zat soraýjakdym-da welin... diýdi. — Ýöne... Senem biynjalyk etmejek bolup... Bolmasa... Soň... Ýene bir gün...

— Ýok, ýok! biynjalyk etmersiň. Çekinme-de arkaýyn aýdyber. Men jogap beribilmesem ine, Enehakyda berer. Bu-da menden köp bilmese az bilenog-a. Gönübek öňküsindenem beter ykyrgandy.

— Meň soragym hakyda hakynda däl, mollam, başga zat barada.

— Näme hakda bolsa-da aýdyp ber. Men indi gaýtam sen şony aýtman gitseň biynjalyk borun.

— Aýtsam... – Sazanda oturan ýerinde gobsunjyrady. – Aýtsam-m... Men bir düýş gördüm. Sen şony maňa ýorup beribilmezmisiň diýäýjekdim...

Hakyda molla kynlyk bilen bir tirsegine galdy. Soň dik oturdy. Gür gaşlaryny gözleriniň üstüne büräp Gönübeke dikan seretdi.

— Pygamberler ýorgudy bolsun, Amangeldi, aýdyber. – Şondan soň ol Enehakyda ýüzlendi. – Senem diňläý, gyzym. – Enehakyda iňňesini tikinine sanjyp bir gyrada goýdy. Bärisine öwrüldi. Gönübeke tarap çiňerilmese-de, diňlemäge taýyndygyny aňlatmak üçin, ünsüni şol tarapa gönükdirdi. Hakyda molla ýene-de Gönübeke tarap öwrüldi. – Aýdyber, Amangeldi.

Gönübek geleli bäri näçenji gezekdir gaýtadan otlan çilimini sorup oturşyna boguljyrap gepledi.

— Düýşümde daýaw bir ak at münüp günorta-günbatara tarap barýarmyşym. Özem şol at jahyl wagtlarym alamana gidenimde münýän ak atymmyka diýýän.

— Çapýamy? – diýip, Hakyda molla ýektaýynyň syýlaryny dyzlarynyň aşagyna düýrläp oturşyna Gönübekiň ýüzüne seretmän sorady.

— Buw-w... Onda-da nä çapmak! Şo-ol, ýüzün salyp gidip barýa. Daş-töweregimem alaň-açyk, giden bir düz meýdan welin, birdenkä, öňümden ullakan gara telär peýda boldy-da, öňümde keserdi duruberdi. Göni-hä geçer ýaly däl. Sowjak bolsamam at eýgerdenok. Başyny çekdirenok. Telärem üstüme abanyp gelýä. Allajanlarym nätsemkäm, diýip, töweregime garanjaklaýan. Oňa çenlem at özüni tälere urdy. Kürsäp aşagyna girdi. Girişi ýalam maňlaýym teläriň üstüne keseleýin taşlanan, endam-jany göz-göz bolup duran egri agaçlaryň birine «patylap» degdi. At welin suwulyp geçdi-de, şol bir barýan ugruna bakan ýeldirildi ötägitdi... Başyny galdyrman oturan mollanyň sesi günleç çykdy.

—Sen muny gije gördüňmi ýa gündiz?

— Gije gördüm mollam. Özem daňdanaralar gördüm.

Sen muny ýolda-yzda kimdir birine aýtdyňmy?

— Ýok, çykamda seň ýanyňa diýip çykamsoň hiç kimiň ýanynda dil ýaramok.

— Gowy edipsiň...

— Hä, näme, bir zatlar göwnüňe aýan bolýamy mollam?

— Ýo-okla, ýöne syrly ýa şübheli görnen düýşleri her öňýeteniň ýanynda aýdyp ýörmeseň gowy. Onsoňam... Tomsuň düýşüne kän bir üns beribem ýörlen däldir.

Bir ýakymsyz zady süňňi syzan ýaly, Gönübek hasam bekine tutdy.

— Ýok mollam, sen muny maňa ýorup ber. Özüňem ýüz görmän dogryňy aýt. Sebäbi, maňa geregi şol.

Şondan soň Hakyda molla ilk-ä çep gapdalyndaky goşa ýassyga tirsegini berdi, soňam arkan düşdi. Gözüni agtygyna tarap aýlady.

— Eşitdiňmi, gyzym?

Gönübek gürrüňe başlaly bäri boz-ýaz bolup oturan gyz howlukmaç gürledi.

— Eşitdim ata.

— Eşiden bolsaň aýt, bu düýşüň ýorgudy näme bolar?

Enehakyda sag eliniň sülüge meňzäp duran süýem barmagyny dişläp aşak bakdy. Gürlände sesi sandyrady.

— Özüň aýdaýsana, ata.

Gönübek indi Enehakyda ýalbarmaga başlady.

— Çekinme gyzym, aýdyber. Nähili ýorsaňam men senden gaty görmen. Gaýtam minnetdar bolaryn.

Hakyda molla ýene bir gezek ak ýürekden rugsat berensoň, Enehakyda çekinjeňlik bilen söze başlady.

— Bu düýş bu gün-erte halkyň başyna düşjek agyr ahwalat bilen bagly. Amangeldi aga. Ýöne, onuň gowy ýerem bar, erbet ýerem...

Enehakyda azajyk sägindi. Onuň täzeden dil açaryna Gönübekiň karary ýetmedi.

— Näme, biz ýeňilýäsmi – diýende sesi ynjyly çykdy.

— Ýok, ýeňilemizok... – Enehakydanyň ýaňaklary elwan öwüsdi. Bägüliň ýapragyna meňzeş ýuka dodaklary kynlyk bilen çyzyldy. Dil dişe birnäçe gezek degip gitdi. Sesi öwküsindenem pessaý çykdy. – Ýöne... yzyny aýtmaga dilim baranok...

— Weý, aýt gyzym, aýt. Nähilem bolsa aýt. Maňa degişli bolsa-ha asylam egleme. Maňa şol, ýeňýäs diýen sözüň bolýa. Ýeňilmeýän bolsak bolýa. Galan zat hiç.

Hakyda molla Gönübek sazandanyň bolup oturşyna dözmedi.

— Aýdaý gyzym. Amangeldi sazanda dogry sözi gowy görýändir. Göwnüne zat almaz.

Gönübek oturan ýerinden uçjak guş ýaly ganatlaryny kakdy. Galkyjaklady. Geplände tutuş göwresi bilen «titir-titir»etdi.

— Men özüm haýyş edip otyryn-a gyzym, aýt diýip. Ýörite gelemsoň bellisini bilmän gitmejegimi bilýänsiň-ä özüňem. Aýt!..

Enehakyda uludn demini aldy.

— Siz uly iliň öňüne düşüp ýören adam, Amangeldi aga. Onuň ruhy daýanjy. Han-begleriň maslahatçysy. Şonuň üçinem, siziň münüp barýan ak atyňyz meniň pikirimçe halk bolmaly. Uly il bolmaly. Giň meýdan – biziň azatlygymyz,

erkinligimizdir. Öňüňizden çykan gara täler bolsa bizi özüne bakna etmek üçin gelýän ýagy. Bu gün-erte il-günüň başyndan agyr apat. At özüni teläre urýa, diýdiňiz, o-da halk bilen ýagynyň arasynda boljak çaknyşyk. Atyň sag-aman geçip gitmegi şu uruşda biiziň ýeňiş gazanjakdygymyzy aňladýar. Ýöne... – Enehakydanyň damagy doldy. Gözüne ýaş aýlandy. Ýuwduna-ýuwduna zordan gepledi. – Ýöne, şondan aňyrda siz ýok.

— Weý, ylahy omyn! Käşgä!.. – diýdi-de, Gönibek agyr ýüküň aşagyndan çykan ýaly göwresini dikeldip Enehakyda bilen Hakyda molla tarap taýly gezek göz aýlady. – Asyl bolaýdy şüý-ä! Göwnüme gelip duranam, eşitjek bolýanymam şudy asyl. Ylaýyk bolaýdy-da weli! Hiý, şundan gowam bir ýorgut bolarmy? Il-gün şu beladan baş esen-bagry bitin çykýan bolsa boldy şol!. Bolany şol! Taňryýalkasyn gyzym. Alnyň bagtyň açyk bolsun!...

Enehakyda sessiz-üýnsiz aňyrsy öwrüldi-de, tikin-çatyny bilen boluberdi. Hakyda molla tirsegine daýanyp tesbisine ýapyşdy. Bir meýdan öýüň içinde ümsümlik höküm sürdi.

Gönibek welin şondan soňam ur-tut turup gidibermedi. Öý eýeleriniň kalbynda myhmany öýkeleden bolaýmaly, diýen duýgunyň döremezligi üçin, juda bir gürrüň tapmasa-da çilim çeken boldy, daş çykyp gelen boldy, garaz, ap-esli eglendi. Ahyram: ind-ä bir çen bolaýan bolsa gerek, diýdi-de, ýuwaşlyk bilen ýerinden turdy, Hakyda molla bilen hoşlaşdy, onuň basymrak aýak üstüne galyp gitmegini diledi, ýene bir gezek Enehakyda taňryýalkasyn aýdybam öýden çykdy. Tutuş Ahal iliniň uly howpuň öýünde durandygyna garamazdan, şol wagt onuň gözüne daş-töwerek, ýer, gök, ähli zat diýseň owadan göründi.

Enehakyda welin ol çykyp gidenden soňam esli wagtlap müýnli ýaly eginlerini gysyp, mugruljyrap oturdy. Şonda onuň göwresi öňkülerine görä kän kiçelen ýaly göründi. Edip oturan işi bilenem ugry bolmady. Atasynyň:

— Düýşüň ýorgudyny dogry çözdüň, gyzym, sen meniň tamamy ödediň – diýeni dagy gulagyna-da ilmedi. Birdenem maňlaýyny dyzynyň üstüne goýdy-da, ýüreginden syzdyryp aglady.

## 17. Duşmanyň garşylanyşy

Şol günüň ertesi, ýagny, 1879-ynjy ýylyň 28-nji awgust güni ir säher howa ümürli boldy. Gözýetim golaýa geldi. Duşmanyň görünmän geläýmek howpy döredi. Her niçik hem bolsa Gün dogup çäş wagtyna galyberende duman dagady.

Kabardin polkunyň komandiri, fligel – adýutant Dolgorukiniň ýolbaşçylygyndaky birinji atly kolonna Gökdepeden ýedi wýosrt uzaklykda

ýerleşen Ýegenbatyr galasynyň deňine ýetende, Garabatyryň ýola gözegçilik edip ýören iki ýüze golaý atlysy bilen ýüzbe-ýüz gabat geldi. Emma ýigitler hiç hili uruş meýillerini bildirmediler. Dagyň etegini syryp goşunyň ýeňsesine aýlandylar we goş-golamly otrýaddyr öýdüp, graf Borhuň ýolbaşçylygynda yzdan gelýän pyýada kolonna tarap at goýdular.

Şol wagt kolonnadanam ýüz sany atly kazak saýlanyp bulara tarap gaýtdy. Ýigitler göz açyp-ýumasy salymyň içinde halkalaýyn aýlandylar. Gylyçlaryny syryp üstlerine topuldylar. Olardan beýle gözsüz batyrlyga garaşmadyk soldatlaryň arasynda başagaýlyk emele geldi. Bir duran ýerlerinde «pyr-pyr» aýlanyp duran atlarynyň jylawlaryny çekişip duruşlaryna kolonna tarap naýynjar garadylar. Haraý islediler. Birdenem tüpeňlerini ýigitlerden çenäp, başly-barat atmaga başladylar. Oňa çenlem ýigitler ýetip geldiler-de, gylyçlaryny dalawladyp olaryň üstlerine howala boldular. Şondan soň olara tüpeň atara maý bolmady. Şonuň üçin olaram öz gylyçlaryna ýapyşmaly boldular. Meýdanda garjaşma urşy emele geldi. Her gezek gylyçlaryny salganlarynda agyzlaryny hatap ýaly açyşyp, gözlerini petreýdişip: «Ýa Alla», «ÝA Hudaý!», «Ur-ha!», «Ýyk-ha!», «Sanç-ha!» , «Agdar-ha!», «Bas-ha!» diýşip haýkyryşýan ýigitleriň zarbasyndan ýaňa kazaklaryň käbiri: «A-ah...» diýip, çiňarkan gaýtsa, beýleki biri: «O-oh...» diýip atynyň boýnuny gujaklady.

Olaryň biguman heläk boljakdygyklaryna gözi ýeten graf Borh türkmen ýigitlerini top okuna tutmaklygy buýurdy. Ýöne, ol bu buýrugyny basym ýatyrmaly boldy. Çünki, kazaklar bilen türkmen ýigitleri şeýle bir garyşypdyrlar welin diňe türkmenlerden çenäp atmak düýbünden mümkin däldi. Şonuň üçinem, ol urşuň bolup duran ýerine tarap, ýene-de ýüz atlysyny ugratdy. Oňa çenlem kazaklar gabawy böwüsdiler we kolonna tarap gaçdylar. Aňyrdan ýene-de ýüz atlynyň gelýändigine garamazdan, ýigitlerem derhal olaryň yzlaryna düşdüler. Diňe şondan soň graf Borh öňki buýrugyny gaýtalady. Topçular ur-tut, indi soldatlardan birneme arasy açylan ýigitleri top okuna tutdulat. Ýigitler at başyny çekip, öňemi ýa yza gitjeklerini bilmän ýaýdanyşdylar. Daş-töweregi tot-tozanyň gaplap almagy bilen bolsa bütünleý aljyraňňylyga düşdüler. Öňlerinden kömek gelýänini görüp, gaçyp barýan kazaklaram yzlaryna döndüler. Şol wagtam Garabatyryň:

– Ýigitler, gitdik! – diýen hökümli sesi türkmen atlylarynyň depelerinde ýaňlandy. Olar ilk-ä göz açyp-ýumasy salymyň içinde dumly-duşa pytraşdylar, soňam gelendäkilerindenem has çaltlyk bilen zym-zyýat boldular. Olaryň haýsysynyň atlyny boýlaýan künjülige siňenini, haýsysynyň Ýegenbatyr galasynyň arkasyna duwlananyny, haýsysynyň daga uranyny ýa guma siňenini soldatlar aňşyrmadylaram. Kowgy hakda-ha pikirem etmediler. Jeň meýdanynda wepat

bolan soldatlaryň, türkmen ýigitleriniň we atlaryň läşleri çal tozanyň aşagynda çanjaryşyp galdylar.

Ýigitleriň aman sypanlary bolsa öňden belleşip goýan ýerlerinde, Ýegenbatyr galasy bilen Gökdepe galasynyň arasyndaky kiçeňräk depäniň düýbünde ýygnandylar. Garabatyr duşmanyň juda golaýa gelendigini habar bermek üçin ýigitleriň birini Diňlidepä iberdi-de, galanlaryny ondan, on bäşden bölüp, hersine tä, uly gala barýançalar goşuny yzarlap, dürli taraplaryndan baryp, bimaza edip gitmeklerini tabşyrdy. Özem ýigrimiden gowrak atly bilen duşmany şol ýerde, şolar bilen bilelikde garşylamak üçin, düýnden bäri kiçi galada bukuda duran dört ýüze golaý atlynyň üstüne gitdi.

Tabşyryk alan ýigitler öz batyr serkerdeleriniň buýrugyny aňryýany bilen berjaý etdiler. Kolonnanyň üstüne dürli taraplardan çozup, goşunyň içinde birsyhly başagaýlyk döredip gitdiler. Top oklarynyň penalamagy astynda aram-aram kolonnadan saýlanyp özlerine tarap gaýdýan dyzmaç hem töwekgel kazaklar bilen başa-baş söweşlere girdiler. Jan aldylar, jan berdiler. Gerek bolan wagty gaça uruş etdiler. Juda gyssaga düşen purstlaram edil ýer ýuwdan ýaly gürüm-jürüm boldular-da, oslagsyz ýerden çykyp ýene-de kolonnanyň üstüne hüjüm etdiler. Ýoluň iki tarapyny tutup ýatan ullakan künjüli meýdan bolsa olara uly pena bolup hyzmat etdi. Goşun Gökdepe galasyna has golaýlaberende Garabatyr kiçi galadaky dört ýüz atlynyň iki ýüze golaýyny çykaryp täze güýç bilen kolonnanyň üstüne çozdy. Ötermen durnalar deý gykuwlaşyp, tüweleý deý tüwdürilişip barýan atly ýigitler çep ganatdaky, meýletinçi dagystanlylaryň üstüne howala boldular. Tekeler bilen duşuşmana howlugyşyp, ýolboýy aýalaryna tüýkürişip gelýän meýletinçileriň birnäçesini eýlelerine-beýlelerine bakyp ýetişmänkäler bu dünýäniň azabyndanam, şol bir wagtyň özünde ýeňiş gazanyp, olja alyp baýamak, gaýdyp baranlaryndan soň, bolsa edeermenlik görkezen är ýigit hökmünde obanyň iň gowy gyzlarynyň birine öýlenmek aladasyndanam dyndardylar. Ýöne, uzak aralykdan iňňän mergenlik bilen atýan dragunlaryň gyzgyn gülleleri ýigitleri uzak eljiretmedi. Üstesine ýene-de toplaram «gümmürdeşip» başladylar. Şonuň üçinem, Garabatyryň yşarat etmegi bilen ýigitler at başyny yza öwürdiler.

Edilen çozuşlaryň ählisinde-de, olar Guşly batyryň ýigitleri tarapyndan goltgy tapdylar.

Şu ýagdaýda kem-kemden süýşüp gelýän goşunyň birinji bölegi Gün günorta boluberende Gökdepe galasynyň günbatar ganatyň garşysynda togtady .

Polkownik Prozorkewiçiň garamagyndaky artilleriýa iki batereýanyň goragy astynda dag tarapdan gelýän uly ýabyň çep kenaryna geçdi we şol ýerdäki çägesöw gumak depejigiň üstünde ornaşdy. Onuň yz ýanynda Kabardin, Kura batalýonlary, olardan yzrakda atyjylyk batolýony, ondan soň: pereýasslaw dragunlarynyň üçünji,

çepde bolsa dördünji esakdronlary, olaryň arasynda-da dagystanlylar ýerleşdiler. Raketa bölümi pyýada goşunyň arasynda ýerleşdirildi.

General Lomakiniň özem şol depejigiň üstünde durup, goşunyň ähli hereketlerine gözegçilik etdi.

Uly galanyň günbatar-demirgazyk burçundaky gapdaly harazly kiçijik galanyň içinde Jyýky batyryň ýola gözegçilik edip duran ýigitleri ymykly ornaşmaga maý bermezlik üçin, şol dem goşuny oka tutup başladylar. Ýöne, polkownik Prozorkewiçiň garamagyndaky alty topuň altysynyňam bir zarbada atylyp ugramagy göz açyp-ýumasy salymyň içinde olary köp-köp heläkçiliklere sezewar etdi. Ýitgi ummasyz uly boldy. Şeýle-de bolsa duşmanyň kiçi galany ýüzugra eýeläp, uly gala tarap päsgelçiliksiz hereket etmek baradaky niýeti başa barmady. Çünki, kiçi galada bir adam ölse, onuň ornuna on adam uly galaýň derwezesinden atylyp çykýardy-da, iki galany birikdirip duran egri haýatyň düýbi bilen kiçi gala tarap bukdaklaşyp gadýardy. Gelişleri ýalam ölenleriň ornuna geçip, sürnüp gelýän soldatlara tarap ok ýagdyrmaga başlaýardylar. Käbirleri bolsa ýaralylary, ýogalanlary uly gala tarap alyp gitmek, eltip tebiplere görkezmek, däri-derman etdirmek, jaýlamak bilen meşguldylar.

Hut şu ýerde hem tekeleriň hakykatdan-da edil kasam içişleri ýaly iň soňky demlerine çenli söweşjekdiklerine, olaryň ýolda pikir edişleri ýaly geläge-de, ýüzugra basyp alyp ötägidibermeli nadan ýa nalajedeýin halk däldiklerine goşunyň içindäkileriň uludan-kiçä barysynyň gözi ýetdi.

Şolaryň birem Çekişlerden bäri: «Barybilsek bolýa, ýeňmek hakda gürrüň ýok», diýip, ýoldaşlarynyň gulaklaryny kamata getiren Çurkin. Ol özüniň bu pikirinem gizläp durmady. Gözleri ýok ýaly ýanar oduň üstüne okdurylyşyp gelýän türkmen ýigitlerine gözi düşenden ol:

– A-how, bular biziň o-ol diýýänlerimiz däl ýaly-la ho-ow –diýip, daş-töweregine garanjaklady-da, yza bakan götinjekläberdi.

Başga birem:

 Howwa, howwa, bular seň diýýänleriň däldir, seňkiler haçan gelerkä, diýip galada nohutly çorba bişirip oturandyrlar – diýip, oňa gyjalat berdi.

Şol wagt orslaryň ünsüni edilýän hüjümden sowmak üçin, birnäçe türkmen atlylary uly galadan okdurylyp çykdylar-da, pozisiýada duran goşunyň çep tarapyndan «Alla» diýip, at goýdular. Olaryň garşysyna awangardyň kuralylardan ybarat iki rotasy çykdy. Gylyç syryp, gykuwlaşyp gelýän türkmen ýigitleri olar bilen ýüzugra garpyşdylar. Göze ilmez çaltlykda iňňän ussatlyk bilen ýarag hem at işledip, kazaklaryň hataryny mazaly seýrekletdiler. Bu ýagdaýy synlap duran general Lomakin pereýaslaw dragunlarnyyň bir eskadronyna, şeýle hem meýletinçi dagystanlylaryň ýüz atlysyna türkmen ýigitleriniň çep gapdallaryndan çözmaklygy

buýurdy. Uly bolmadyk depejigiň arka ýüzünde duran birnäçe ýüz atlydan ybarat saýlama otrýady hem kömek hökmünde olaryň yzyndan ugratdy. Garşydaşlarynyň san taýdan barha artyp barmagy türkmen ýigitlerini eýmendirmedi. Ýöne, pyýada goşunyň üznüksizlik bilen atýan oklaryndan ýaňa çekýän ýitgileriniň gitdigiçe köpelemegi welin, olary isleseler-islemeseler yza çekilmäge mejbur etdi.

Şondan soň türkmenleriň goşmaça kömege gelýän ýollaryny kesmek üçin, general Lomakin, atyjylary uly gala bilen kiçi galany birikdirip duran egri haýaty – agyly gapdaldan oka tutmaklygy buýurdy. Ýöne, haýaty oka tutmak üçin, kiçi gala ýanaşyk oturan harazyň duşundan geçmeli. Harazyň uly bolmadyk howlusynda bolsa, iki ýüze golaý atlysy bilen Garabatyryň hut özi bukuda dur. Orslar welin ol ýerde asla adam bardyr öýtmeýärdiler. Şonuň üçinem, Garabatyryň ýigitleriniň edil duýdansyz gelen çabga ýaly üstlerine ok ýagdyryp ugramaklary olary diýseň kyn ýagdaýa saldy. Bir zarbada soldatlaryň ýigrimä golaý ellerini-aýaklaryny kelemenledişip atdan agdylar. Entek at üstünde oturanlary bolsa bir-ä olara, birem gum garbaşyp ýatan eýeleriniň daşynda horguryşyp, uýanlaryny süýreşip ýören atlara, soňam gyzgyn gülleriň gelýän tarapyna seredişdiler-de, hemmesi bir wagtyň özünde diýen ýaly, agzybirlik bilen harazy oka tutup başladylr. Lomakin kömek üçin olara-da bir atly otrýad iberdi. Sany artan kazaklar howlynyň daşyna aýlandylar. Käbirleri erjellik bilen haýata dyrmaşsa käbirleri onuň pesräk ýerlerini tapyp, daşynda duran ýerlerinden içindäki ýigitleri tüpeňläp başladylar. Hä diýmänem dürli taraplardan böküşip, howlynyň içine döküldiler. Ýigitler kyn güne galdylar. Soldatlar öz ýanlaryndan olaryň hemmesi ellerini göterip aman dilärler öýtdüler. Emma, Garabatyryň gylyjyny syryp soldatlaryň üstüne topulmagy beýlekilere-de duýduryş bolup hyzmat etdi. Şondan soň tüpeň sesleri azaldy-da, çaknyşýan gylyçlaryň «jarkyldysy», «ah-wah» köpeldi. Elhenç gyrlyşyk başlandy. Soldatlaryň käbiri garjaşma goşulman, haýatyň üstünde oturan ýerlerinden diduwana mündürip, ýigitleri çigit çigitlän ýaly ýeke-ýekeden çöpledi oturdy. Özlerem ýigitleriň iň gaýduwsyzlaryny, iň batyr hem edermenlerini, gylyç işletmäne ökdelerini saýlap-saýlap atdylar.

Bu ýagdaýa gözi düşen Garabatyr atylyp bardy-da, bir bökende haýatyň üstünde häzir boldy. Ýüzüniň ugruna «awa» kellesi gyzandygy sebäpli dünýeden bihabar «paýradyp» oturan iki sany soldatyň kellesini ýere togalady. Kelleleriň bir-ä haýatyň daşyna, birem «pat» edip içine gaçdy. Göwreleriniň welin, ikisem «gürpüldäp» iç tarapa ýykyldy. Tüpeňlerini gözledilermi, nämemi göwreleriň ikisiňem elleri esli wagtlap töwerek-daşyny sermendi, barmaklary bolsa ýer dyrmady.

Haýatyň üstündäki soldatlaryň biri ör turdy-da, tüpeňiniň nilini Garabatyra tarap öwürdi. Emma başy aýlanan bolsa gerek, deňagramlylygyny saklap bilmän çiňarkan gaýtdy. Ýere düşüşi ýalam ýigitleriň biriniň gylyjyna gabat geldi.

Şondan soň soldatlaryň galanlaram haýatdan böküp-böküp düşdüler-de, howlynyň içindäki garjaşma «oýnuna» goşuldylar.

Hernäçe erjellik görkezselerem, harazyň içindäki ýigitleriň san we ýarag taýdan agdyklyk edýän duşmanyň öňünde uzak durup bilmediler. Ýüz ellä golaý ýigidini ýitiren Garabatyr, sanlyja atlysy bilen baryp, Jyýky batyryň kiçi galany gorap duran ýigitlerine goşuldy.

Harazy ele salanlaryndan soň, orslar uly gala bilen kiçi galany birikdirýän haýaty top okuna tutup başladylar. Toplum-toplum bolup, haýatyň düýbi bilen uly galadan kiçi gala kömege gelýän we kiçi galadan uly gala tarap ýaralylary goltuklaşyp, barýan ýigitleriň top okundan ýaňa çekýän ýitgileriniň möçberini söz bilen beýan eder ýaly däl. Hatda birnäçe toplumyň barysynyň birbada guma garylan ýa-da gum bilen bilelikde asmana sowrulyp gidýän pursatlaram bolýar. Soňabaka aýak üstünde hereket edip ýörenlere garanda leýs bolup, biri-birine kaklyşyp ýatan maslyklaryň sany has köp göründi. Bu görnüş aw düzgünini bilmeýän, bir topar zalym awçylar tarapyndan bir süri keýgiň kert gaýa gabalyp, keýpihonlyk bilen gyrlyşyna meňzedi. Şeýle-de bolsa, her gezekki «gümmürdiden» soň emele gelýän sansyz jesetleriň üstünden böküşip, aralaryndan ätmerleşip gelýänleriň sany köpelmese azalmady. Olaryň gaýduwsyzlyklary, çat maňlalarynda iki gözleriniň içine seredip duran ajaldan eýmenmezlikleri soldatlary ýene bir gezek haýran galdyrdy. Şeýle hem olar özleri tarapyndan „agyl“ diýlip atlandyrylýan şol haýaty topa tutmaklygyň ýerliksizdigine-de, bar okuňy atyp gutaraýanyňda hem gyrlyp gutaraýmasalar uly galadan çykyp gelýänleriň yzynyň üzülmejekdigine-de göz ýetirdiler.

Bu hakda depejigiň üstünde daş-töweregini synlap duran Lomakinem oýlanman durup bilmedi. Şonuň üçinem ol:

– Şular ýa-ha san bilenoklar, ýa-da ölüm diýlen zadyň nämedigini bilenoklar – diýip, öz ýanyndan pyşyrdady.

Onuň bu pikirini derhal tassyklamakçy bolan ýaly, ol wagt uly galanyň derwezesinden pyýada ýigitleriň täze bir tapgyry çogup çykdy. Ýöne, olar öňküler ýaly haýatyň düýbi bilen kiçi gala tarap gaýtmadylar-da, hüjüm etmek üçin goşunyň çep ganatyna tarap aýlandylar.

Muny görüp Lomakin başyny ýaýkady we olaryň üstüne çozmak barada dragunlara görkezme berdi. Buýruk ýerine ýetirildi. Raketa batereýasy bolsa türkmenleriň üstüne ot ýagdyrmak bilen dragunlary gorady.

Ýer sydyrdyşyp, «wazyrdaşyp» gelýän gyzyl ot ýigitleri äm-säm etdi. Dogrusy olar ilk-ä onuň nämedigini bilmän kösendiler, soňam:

– Hem, uzaga, hem çalt atýan tüpeňiň bar, topuň bar, ýeri indi munyň näme diýsene – diýşip ýerli-ýerden hüňürdeşdiler. Goranmak üçin bir düwüre duwlanyp, ýapyrylyp ýatan jahyl ýigit bolsa üstünden uçup barýan raketa tarap gözüni gymşaýdyp seretdi-de:

– Häý, bigaýrat bajyňy ...keýinler... – diýip, erbet sögündi. – uruşjak bolsaňyz geliň, gylyja gireliň-dä...

Oňa çenlem dragunlar golaýa geldiler. Tekeleriň iň gowy görýän hem ökde tärleri bolan «garjaşma» urşunyň emele geläýmegi gaty ahmaldy welin, raketalaryň gelýän tarapyndan şol dem gülle baram ýagyp başlady. Şonuň üçinem, ýigitler bu gezek duşmana çigit ýalyjagam zeper ýetiribilmän yzlaryna dolandylar. Ýöne, uly gala tarap däl-de, içinde Garabatyrdyr Jyýky batyryň ýigitleriniň ýerleşen ýeri bolan kiçi gala tarap çekildiler.

Emma olar kiçi gala ýetip bilmediler. Çünki, ýene-de toplar «gümmürdeşip» başladylar. Ýarylýan her bir snarýad duşmanyň ýüzlerçe urşujysynyndanam köp iş bitirýärdi. Kiçi gala tarap ýegdekleşip barýan ýigitler ädimsaýy bäşläp, onlap pida çekdiler. Mahlasy, kiçi gala ýetýänçäler, ýap-ýaňyja uly galadan çykyp çozuşa gaýdan syrdam bitin ýigitlerden bary-ýogy bäş-üç oýnam ýaraly galdy. Olaram indi kiçi gala tarap däl-de, aýaklaryny süýreşip, ýer bagyrtlaşyp dert-azar özlerini uly gala atmak bilen boldular. Şol baryşlaryna-da gollaryny galdyryşyp «jynssyz-jynssyz» gygyryşdylar. Kömege çagyrdylar. Derwezeden ylgaşyp çykan birnäçe adam olary süýrekleşip alyp gitdiler.

Şondan soň «agylyň» gatnawy kesildi. Lomakin uludan demini aldy. Az wagtlyk säginen goşun özüni täzeden tijäp, uly gala tarap ümzük atdy. Goşundan yza galyp gabawa düşmezlik üçin, Garabatyr bilen Jyýky batyram ýigitleri bilen kiçi galadan çykdylar-da uly gala çekildiler. Başga-da onda-munda, iki ýeke bukulyp galan ýa topardan tazyganlar bar bolsa, dürli ýollar bilen ählisi özüni gala atdy.

Hälem bolsa duşmany uly gala golaýlatmazlyk niýetinden el üzmedik Berdimyrat han bilen Gurbanmyrat işan atly ýigitleri topar-topar edip ýagynyň üstüne iberdiler we söweş hereketlerine şol ýerden gözegçilik etmek üçin, özleri ýene-de Diňlidepä tarap ugradylar. Atlylar galadan atylyp çykdylar-da, iki bölege bölünip, eýýämhaçan diwary alkymlap gelen terek kazaklarynyň batareýasynyň üstüne howala boldular. Emma, tereklileri gapdallap gelýän kabardinler gara gylyçlaryndan başga ýaraglary bolmadyk ýigitleri sähelçe salymyň içinde uly ýitgilere sezewar etdiler. Olar ur-tut at başyny yza öwrüp gaçmak bilen boldular.

Şondan soň general Lomakin özüniň ýeňşe aňsat eýe bolup boljakdygy baradaky pikirine hasam ynandy. Ol özüniň şol ynamyna şeýle bir bil baglady welin, alys ýoldan, aryp gelendiklerine garamazdan, ol hatda goşuna bir pursatlyk dynç bermän hem özüne kemlik saýdy we graf Borhuň ýolbaşçylygyndaky ikinji kolonnanyň gelip ýeterine hem garaşmazdan, uly gala ýüzugra, hüjüm etmek barada buýruk berdi.

Agyr goşun: "Ur-ra-a...» diýip, uly gala tarap ýyňdy. Galanyň öňündäki giň we çukur garymyň içinde ýerleşen mergenler olary ot açyp garşy aldylar.

Şol wagt galanyň içindäki dartgynlylyk hem ýetjek derejesine ýetdi. Aýgytly pursadyň gelendigini duýan halkyň ählisiniň diýen ňaly ünsi Diňlidepäniň üstünde, duşmanyň geljek ýoluna garap duran mis topa tarap gönükdi. Dogry, ok ýok diýerlik. Sanlyja. O-da gaty bir kämil däl. Şeýle-de bolsa, köpçüligiň ondan umydy köp. Galanyň içinden top sesiniň çykmagynyň özem duşmana haýbat, goraýjylara hemaýat bolaýmaly. Ruhlaryny götermeli. Şonuň üçinem, şol pursat Diňlidepäniň üstündäki, daş-töweregindäki gaýda-gaýmalaşygyň adatdakysyndan has köp bolmaly hiç kimi geň galdyrmady. Her kim duran-duran ýerinden Abdylla ussany gyssady.

– E-eý, ussa-a! Bol, a-at!.. Geldiler!..

– Abdylla, güzlet!

– Okuňy gaýgyrma ussa aga, ok tapylar!

– Indi nämä garaşýaň? Mergenleriň bir özleri uzak saklap bilmezler olary!..

Ortadan uzynrak boýly, agajet, burunlagrak, gyrçuw sakgally, murty yhlas bilen bejerilen, hatda sene-mene edişende-de ajymtygrak ýylgyryp gepleýän, aşaky dişleriniň arasy seýrek bolansoň deşiginden diliniň ujy görnüp duran, Abdylla ussa bu wagt onsuzam garabaşynagaý. O diýilýän sözler dagy gulagyna-da ilenok. Golaýyna Ahallydan başga hiç kimi goýberenok. Oňa-da aşaklyk bilen „hüňür-hüňür» edip käte bir görkezme berýär, ýöne, daş-töweregiň goh-galmagalyndan ýaňa näme diýýänini Ahallynyň özünden başga aňşyrýan ýok. Ol ikisi „alahasyrdy» bolup ýörüşlerine topuň kä öňüne geçýärler, kä yzyna geçýärler, käte bolsa gapdalyna aýlanyp o ýerini, bu ýerini sypalaşdyrýarlar, syryp-süpürişdirýärler, birdenem Abdylla ussa topuň arkasynda geçýär-de, bir ýerlere çenenip durşuna kä sag elini, kä sol elini ýokary galdyrýar, bulaýlaýar. Elbetde, biri-birine düşüşdirler-dä, onuň goly haýsy tarapa gyşarsa Ahallam topuň nilini şo tarapa gönükdirýär. Şonda duranlaryň arasynda gowur hasam köpelýär.

– Ana, nyşana alyp ugrady.

– Kimi nyşana alýakan –aý ol?

– Kimi bor öýdýäň, orslary.

– Haýsy birini nyşana aljak olaryň, Atybermelidir-dä, bir ujundan.

– Ýok how, bu olaň iň ulusyny nyşana alýa. Şony alybilseň galany hiçmişin.

– Näme bolýamyşyn?

– Galanlarynyň barysy: „Jan aga „jart» edeýin, guluň bolaýyn» diýşip, çöklerine düşüp oturyberýämişinler.

– Aý, öňki gullarymyzy nätjegimizi bilemozok, bulary başymyza ýapalymy-aý?

Şolar ýalyda Abdylla ussa olary azm urup köşeşdirmeli bolýar.

– Goýuň how, galmagalyňyzy! Çekiliň özüňizem gaýrarak! Gowus-a gidiň şu ýerden!

Şondan soň gowur köşeşýär, adamlar çekilişýärler. Ahyram garaşylan pursat gelip ýetýär. Diwaryň üstünde duran goraýjylaryň üçüsiniň birden telpeklerini bulamaklary bilen, Abdylla ussa Ahalla ilk-ä topa ok sürmekligi, soňam bir tarapa çekilmekligi buýurýar-da gapdalynda ýanyp duran otdan bir kesindini topuň otlamyşyna degrip goýberýär. Top gümmürdäp atylýar. Gögümtil gara tüsse Diňlidepäniň üstüni gaplap alýar. Duranlaryň barysy dumana duwlanýar. Şol dumanyň içinden çykýan şatlykly sesler tüsse bilen bilelikde asmana göterilip, galanyň içine ýaýraýar.

– Jana-a-a!..

– Berekella-a-a!..

– Boldy-y-y!..

– Atyldy-y-y!..

– Degdi-i-i!..

– Çynyňmy-y-y!..

– Howwa-a-a!..

– Haý, sesiňden aýlanaýyn-a-a!..

– Golaýlatma duşmany galaň golaýyna-a!..

– Bol, ýene-de at, jyzzynlap gaçsynlarla-a-a!..

Abdylla ussa deşiginden çal gyllar sallanyşyp duran egri burnuny çekgesi zady bilen bilelikde çep tarapa towlap çekýär-de, Ahalla ikinji oky nile sürmekligi buýurýar. Atýar. Soň üçünji oky „güwledip» goýberýär.

Indi galadakylaryň barysynyň gözi şo tarapda. Her kimem daşdan synlanyna kanagat etmän, gelip görjekden. Aýal-gyzlaryň topar-topar bolup Diňlidepä bakyp duruşlaryny, uçup barýan top okuna söýünçli bakyşlaryny dagy görmäne göz gerek. Eýýämhaçan ol topuň taryham, haçan, nireden, kimden olja alnandygyna, şu çaka çenli nirede, näme üçin saklanandygyna çenli dilden-dile, agyzdan-agza geçdi. Duşmanyä hä diýmän gaçyp gitjekdigi baradaky gürrüňler hemmeleriň

göwünlerini galkyndyrdy. Diňlidepäniň üstünde iki ýana galgap, top işledip duran Abdylla ussa şol wagt mähelläniň gözüne ertekilerdäki aždarhadan halas edýän hyýaly gahryman bolup göründi.

Ýöne, Abdylla ussanyň köpçülige berýän hezillikli tomaşasy uzaga çekmedi. Hä diýmän ok gutardy. Şondan soň ol özüniň ätiýaçlyk üçin häzirläp goýan „oklaryny» atyp ugrady. Ol oklar daşyna ýagly garakeçe oralan daş böleklerinden ybarat. Topuň sesi, tüssesi öňküleri ýaly bolsa-da, okda mejal ýok. Gidişi haýal. Hereketini arkaýyn synlap oturmaly. Hatda öňünden sowlup ýetişmegem boljak. Sähelçe batyr bolsaň-a öňünden çykaga-da, gapyp alyp yzyna zyňsaňam bolman durjak däl. Barmaly ýerine baraýanda-da bittirýän goşy ýok. Pyrlampaç ýaly “Hyz-hyz” edip bir duran ýerinde aýlanyp, ala burugsy bolup dur. Üstesine şol wagt galanyň daş ýüzündäki garymlarda ýerleşen mergenlerdenem biri geldi-de:

– Abdylla aga atmaň, okuňyz barybir duşmana ýetenok. Bizden sähelçe geçýä, mergenlere howp salýa – diýdi.

Abdylla ussa „lampa» aşak oturdy.

– Başdakylarymyz nätdi, şolar bir ýetdimi şolara?

– Ýok, olaram ýetmedi. Soňkularyňyzyň-a barysy „pat-pat» edip biziň öň ýanymyza gaçyp dur. Zyýan beräýmeseler berýän peýdalar-a ýok. Şoň üçinem mergenler: „Abdylla aýt, atmasyn» diýip, haýyş bilen meni ýörite iberdiler.

Şeý diýdi-de, mergenleriň wekili gelen ugruna bakan ylgaşlap gitdi.

Birdenem duşman tarapdan atgyr toplaryň elhenç „gümmürdisi» eşidildi we onuň oky gelip edil Diňlidepäniň düýbünde ýaryldy. Birnäçe adam ýaralandy. Ölenem boldy. Mähelle dargady. Ahallyny yzyna tirkäp Abdylla ussa-da depeden düşdi. Onuň dişleri ýylgyrýar. Gözlerinde bolsa ahmyr, ýaş görünýär. Ol uly iliň ynamyny ödäp bilmändigi üçin namysdan ýaňa öläýjek bolýar.

Mis top depäniň üstünde Güne gyzaryp galdy. Abdylla ussa depeden düşenden soňam esli wagtlap oňa syn edip durdy. Ahally elini onuň egnine goýdy.

–Ýör, halypa, diwara tarap gideli, biz indi o ýerde gerek.

## 18. Gala ot içinde.

Asmandan yzly-yzyna  inýän elhenç belany ilkinji gezek görýän sada halk birbada aňk-taňk boldy. Esasanam çagalar, aýal-gyzlar nämäniň-nämedigine düşünibilmän iki-baka elewreşdiler. Üstüne top oklary düşüp öýleriň ýumrulmagy, tümleriň çöwrülmegi, içindäkileriň goş-golamlary bilen bilelikde bölek-bölek bolup dik asmana sowrulmaklary, soňam her böleginiň bir ýere «patylaşyp» gaçmagy ilaty elhenç düýş görýäne dönderdi. Birdenem görlüp-eşidilmedik ber-

başagaýlyk başlandy. Yzam tükeniksiz zir-zöwrançylyga, yzynda-çuwanlyga ýazdy. Düşen ýerini oýup-opuryp, wes-weýran edip barýan güýçli partlamalaryň nireden gelýändigini, nirä düşjekdigini bilmezlik halky hasam aljyratdy. Olar ir bahar bagana üçin soýuljak guzularyň dar agyl içre çar tarapa urnuşlary ýaly yzanda – çuwan bolşup, galanyň o çünkünden bu çünküne ylgaşladylar. Yzlaşdylar. Käbirleri bolsa, haýsy tarapa ýüzlense snarýad şol tarapda ýarylaýjak ýaly, hiç ýana-da gidibilmän, gazygynyň daşynda aýlanýan at deýin, bir duran ýerlerinde pyrlandylar durdular. Gojalar, aýallar, elleri çagaly gelinler ellerini asmana serişip: «Alla-a!.. Alla-a!» diýşip gygyryşdylar. Çagalar eneleriniň eteklerinden aslyşyp aglaşdylar. «Hyk-çok» edişip öýlerinden çykan gollary hasaly kempirler biri-birlerine tarap gybyrdyklaşyp bir üýşdüler, bir çaşdylar, ýüz-gözlerini ganda-ýaş edip ýanlaryna gelen agtyjaklaryny eteklериniň aşagynda gizlediler. Bir garry ene şol ýeri birneme howpsuzrakdyr öýden ýaly agtyklarynyň elinden tutup, ýap-ýaňyja içinden çykyp gaýdan öýü tarap ýöneldi. Girişleri ýalam öýleri bilen bilelikde dik asmana sowruldylar. Muny görüp beýleki kempirler topuň oky diňe öýleriň üstüne düşýändir öýtdüler we sozanda-guýruk bolşup galanyň ýalazyrak ýerine tarap ýumlukdylar. Gelin-gyzlaryň bir bölegi bolsa iki-baka elewreşdiler-elewreşdiler-de näme üçindir Diňlidepä tarap ylgaşdylar. Diňlidepä ýetmänkäler öň ýanlarynda ýarylan snarýaddan ürkübem: «Waýda-waý» bolşup arkan serpildiler. Şol tarapda-da bir snarýad ýaryldy welin, haýsy tarapa gaçjaklaryny bilmän bir ýere üýşdilerde, elleri bilen başlaryny tutup bir çugdam boldular duruberdiler. Üçünji snarýad şol çugdamyň dik-depesinden indi. Entek durmuşyň gapysyndanam garamadyk, ýap-ýaňyja-da tez maral ýaly tisginişip duran ýaş gyzlar, ýaňy bir durmuşyň hözürini görüp ugran göwüsleri ýyly süýtden doly, çagalaryny bagyrlaryna basyşyp duran gelinler bir demde guma garyldylar. Olaryň yz ýanyndan ylgaşlaşyp gelýän bir topbak gyz-gelinem hut şol ýagdaýa düşdi. Olaram edil, öňküler ýaly, aňňal oragyň dişine duçar bolan mekgejöwen palaçlary kimin, bir gez ýokary zyňyldylar-da, öňki gyzlaryň heniz ýylysam gitmedik ganlaryndan ýaňa ganjaryp duran topragyň üstüne paşyrdap döküldiler. Olaryň entek jan, teslim edibilmän, janhowuljyna gygyryşýan seslerini, ahy-nalalaryny göz görüp, gulak eşider ýaly däl. Bir çetde çalajan ýatan gelin bolsa kime diýýänini bilmesede:

– Aýuw-w, jan doganlar! Goýuň diýiň şol kapyrlara! Beýtmesinler bizi-i! Hiç bolmanda çagalara bir rehimleri insin-ä... – diýip, jynssyz gygyrdy. Çalaja iňläbem jan berdi.

Onuň nalasyny goh-galmagalyň derdinden ýaňa hiç kim eşitmese-de, Diňlidepä tarap hökürdikleşip barýan eli hasaly gojalaryň iň yzdan agsaklap barýany eşitdi. Saklandy. Jesediň ýanyna bardy.

– Wah, wah, Oguldöndi gelin bu senmidiň asyl... – diýip, gurak-gurak ýuwdundy. Merhumyň gyňajynyň bir ujy bilen ýüzüni ýapdy. – Öýe düşeniňem-ä düýn-öňňündi seň... Wah-wah-wah... Haý, gabha pelek! Haý, ganym duşman!.. – Birdenem goja gelinleriň leýs bolup ýatan maslyklaryna seredip kiçijik, horja, reňki sargylt ýumrujagy bilen kükregine urup başlady. Hamsykdy. – Wah, wah, wah! Ýaňyja açylan güller! Entek agzam açylmadyk gunçalar! Hiý, beýle-de bir naýynsaplyk bormy? Hiý, beýle-de bir zalymlyk bolarmy? Eý, Alla! Sen näme, göreňokmy bu bolýan işleri? Ýa ýeriňde ýurduňda ýokmuň sen? – Şondan soň ol Diňlidepä tarap ýegşerilişip barýan gojalaryň başga bir toplumyny saklady. – Aý, adamlar! Han-beglerden-ä indi gaýtmyşym eden ýokdur welin, ýörüň, bolmasa özümiz baryp ýüz tutalyň şolara. Goýuň, diýeliň. Atmaň diýeliň. Iň bolmanda tüpeň atyň welin, top atmaň, diýeliň. Asly toprakdandyr şollaňam, erärler.

Şeý diýip, ol sözüniň jogabyna-da garaşman, galanyň günbatar derwezesine, top oklarynyň gelýän ugruna tarap indi öňküsi ýaly agsaklabam däl-de, towsaklap ugrady. Hamsygyşyp duran beýleki gojalaram, «hasda-has» bolşup onuň yzyna düşdüler. «Waý, kyýamat gopdy! Waý, işimiz gaýtdy!» diýşip, onda-munda gan eňreşip, ellerini öwsüşip ýören aýallaram olara goşuldylar.

Galany goraýjylaram, urşa gözegçilik edip ýörüşlerine diwarlaryň üstünde, kä düýbünde, käte Diňlidepäniň üstünde görünýän Gurbanmyrat işan, Kerimberdi işan, Berdimyrat han dagam, çar tarapa at salşyp ýören Orazmämmet han, Hanmämmet atalyk, Gulbatyr serdar dagam birbada olaryň nirä, näme maksat bilen barýandyklaryndan bihabar galdylar. Asla bu ber-başagaýlygyň içinde kimiň näme iş bilen nirä, näme üçin barýanyny bilmek mümkinem däl. Ony biljek bolýanam ýok. Her kim düşünjesine görä, öňünden gepleşilip goýulşy ýaly, öz etmeli işiniň ugrunda ylgap ýören bolmaly.

Içiniň ähli ýaşaýjysy bilen birlikde çepbesine çöwrülen, tärimdir-uklary çagşaşyp, burugsaşyp ýatan öýleriň, her ädimde diýen ýaly duş gelýän adam läşleriniň arasy bilen itenekde-çomanak bolşup barýan gojalar welin, han-beglerden, serdarlardan bidin, uly maslahatyň gelen netijesiniň garşysyna gidip barýandyklaryny asla kellelerine-de getirenoklar. Olaryň aňlarynda bu wagt ýekeje pikir bar: her zat etmeli welin gyrgynçylygy togtatmaly. Iň bolmanda urşuň usulyny üýtgetdirmeli. Ýogsam, halk bu boluşda ýeňşe-hä däl, hatda ýeňlişe-de ýetip bilmez. Barysy ýer bilen ýegsan bolar. Ýagdaý şu gidişine gitse, goşun ýene-de iki günden içinde adam jesetlerinden başga janly-jemende galmadyk boş gala girer.

Şu niýet bilen ylgaşlaşyp barýan gojalar derwezeden başly-barat, yrgyldaşyp çykdylar-da, iki ellerinem ýokary galdyryp:

– Ama-an!!!... Ama-an!!!.. – diýşip, goşuna tarap ysgynsyz sesleri bilen jynssyz gygyryşdylar.

Gojalaryň öňüne düşüp gaýdan ýaşulynyň jowur ak köýnegini çykaryp, dik-depesinde galgatmagy bilen, beýigiň üstünde duran Lomakin atyşygy bes etmekligi buýurdy. Top sesleri tapba kesildi. Ýaşuly öňe çykdy-da, gyryljak, naýynjar sesi bilen:

– Baýarlar! Top atmaň! Biz boýun egýäs! – diýip gygyrdy.

Onuň sözlerini generala terjime etdiler. Hamala urşuň togtadylmagyna gynanýan ýaly Lomakin bir salym sesini çykarman, böwrüni diňläp durdy-da, tutuksy ses bilen:

– Boýun egýän bolsalar baştutanlary gelsin – diýdi.

Oňa çenli diwaryň üstündäki ýigitlerem nämäniň nämedigine düşündiler-de, gojalara tarap ýumruklaryny düwşüp gygyryşdylar, erbet-erbet sögünişdiler, hiç hili egilşigiň bolmajakdygynyň, söweşiň dowam etdiriljekdigini alamaty hökmünde ýalaňaç gylyçlaryny depelerinde bulaýlaşdylar. Onuň bilenem kanagatlanman, ylgaşlap aşak düşdüler-de, hemmesini bilelikde öňlerlerine salyp, südenekleşdirip alyp gitdiler. Eltip gala saldylar. Olary derwezäniň iç ýüzünde galdyryp, gojalar bilen deňine dyzaşyp duran aýallary galanyň demirgazyk çüňküne tarap kowdular. Sypaýyçylyk bilen olara-da käýindiler. «Baryň, özüňize buýrulan iş bilen boluň, goşulmasyz ýere sokulmaň» diýdiler. Henizem öz talaplaryny gaýtalaşyp uly goh turzup duran gojalary eýýämhaçan at derledip ýetip gelen Berdimyrat hanyň öňüne tarap itekleşdirdiler. Oňa çenli Gurbanmyrat işan, Kerimberdi işan, we hersi öz bellenen ýerlerinde, ýigitlerine ýolbaşçylyk edip ýören beýleki batyrlardyr-serdarlaram at segredişip geldiler. Ýüzüni kese sowup, bokurdagyny «harladyp» bir ýerden Garly gaýşagam peýda boldy. Ol özüni saklap bilmän, duranlaryň daşyndan birnäçe gezek aýlandy. Gojalara gyýa-gyýa seretdi. Dişini gyjady. Ýaşulylardan öňürti bir zat diýmekden zordan saklandy.

Diwardan düşüp gojalary gala salan ýigitler ekabyrlara bolan işi düşündirdiler. Kerimberdi işan özüni parahat saklap durşuna gojalara ýüzlendi.

– Ýeri, bu näme etdigiňiz boldy? Kim sizden şeýdiň, diýip haýyş etdi.

Agsak goja ýene-de öňe saýlandy.

– Beýtmekligi bizden ýagdaý haýyş etdi. Has dogrusy talap etdi. Bigünä adamlaryň nähak dökülýän ganlary, ýaş maşgalalaryň ardurja gidip duran ruhy-janlary talap etdi. Sebäbi, siziň munyňyz uruş däl, Kerimberdi, gyrgynçylyk. Bizem köp gowgalary başdan geçiripdik, ýöne, bular ýaly ahwalaty görmedik. – Goja saňňyldap duran horja elini galanyň içine tarap aýlap goýberdi. – Suw içim salymyň içinde gassaphana dönd-ä myň içi. Tekäň tohmuny tüketmejek bolsaňyz çykyň-da, ýaraşyň! Urşy bes ediň!

Häliden bäri bir zat diýjek bolup, çemelenip, çemini tapman duran Gurbanmyrat işan tolgunmakdan ýaňa sesini, daýaw göwresini ondanam beter sandyradyp zordan gepledi.

– Söweş gurbansyz bolýan däldir, Pirli.

– Ony bizem bilýäs. Bizem şu ýaşymyzy heleýlerimiziň etegine bukulyp geçiremizok. Çapandyrysan, çapylandyrysam. Başa näme gelse özümiz görendiris. Beýdip halky gyrgyna beren däldiris, munda welin, uruşýandan uruşmaýan köp gyrylýa. Iň bolmanda ýesir beriň bulary şolaryň eline, ölmän galsalar ahyr bir gün çykarlar bir ýerden. Ýa-da baryňyz daşary çykyň-da açyk meýdanda urşuň. Beýdip, gala bukulyp ýalandan watançysyraşmaň-da, çagalaryňyzy, aýallaryňyzy, ata-eneleriňizi duşmanyň öňünden çykyp goraň.

Pürli aga diýilýän ýaşuly şeý diýenden Garly gaýşyk gylyjyny syrdy-da leňňeç ýaly ýanyn ýöräp şoňa tarap omzady.

– Häý, binamys doganyňy ...keýin – diýip, ýaşulynyň üstüne topuldy. Kerimberdi işanyň daýaw göwresi onuň öňüni kesdi. Ýöne, Garly gaýşak oňa baş bermedi. Diňe Orazmämmet handyr-Gurbanmyrat işanyň ara düşmegi bilen ol pyçaga gelen düýe ýaly «bar-bar» bagyryp yza çekildi. Gylyjyny gynyna saldy. Ýöne, köşeşmedi. – Seni indi öz elim bilen kerçemesem bolmaz, dönük doganyňy ...keýin – diýip, birsyhly Pirli aga tarap ümzük atdy durdy. Ol diňe Gurbanmyrat işan sesine bat berip:

– Ahow, Garly! Bu nätdigiň boldy bi, ulyny-uly bilmän, kiçini-kiçi bilmän, birtopar abraýly adamlaryň ýanynda porsap, özüňi öňe atyp dursuň. Aslynda-ha seniň şu bolşuň türkmençilikden çen tutsak Pirli dagynyň şu eden işindenem gabahatdyr –diýmegi bilen köşeşdi. Azm urmasyny goýdy.

Ýöne, Pirli aga barybir Garly gaýşagyň ýaňky sözüni jogapsyz goýmady.

– Kerçejek bolsaň ho-onha, daşarda kerçär ýaly kelle kän. Özlerem negözel çyparja kelleler. Men bolsam sen ýaly dili bilen, onda-da biri-biriniň kellesini kerçejek bolup dyzaşýan öýe batyrlaryň däl-de, uruşmaýan halkyň gürrüňini edýän. Şolaryň gyrlyp gutararyndan gorkýan. Aýallaryňyzy, çagalaryňyzy gyrdyryp alan ýeňşiňiz kime gerek? Onam siz ýa aljakdan ýa almajakdan... onsoňam bilip goý... Men... Men... Men däl-de, kim halky şu galaň içine ýygnan bolsa şol dönükdir... sen özüň dönüksiň... Seniň ýalylar dönükdirler...

– Biz indi şu ýola düşdük, Pirli – diýip, Kerimberdi işan henizem şol bir parahat äheňini bozman söze başlady. – Gala girmekligi halkyň özi maslahat etdi. Uruşmaly diýen karara gelenem şol. Üstesine ol antam içdi. Indi ol ýeňse-de, ýeňilse-de, gyrsa-da, gyrylsa-da urşaýmaly. Başga ýol ýok. Sen, halk gyrylýa. ýigitler urşanok, diýýäň. Emma bu ýalan. Ynanmasaň baryp-da mergenleriň garymyny göräý. Diwarlaryň düýbüne seredäý. – Kerimberdi işan uludan demini

aldy. – Elbetde, ýagdaý ýaman. Ýöne, her zadyň öz düzgüni ba. Urşa ýolbaşçylyk edip ýören adamlar barka siziň beýdip ýörmäňiz bolanok. Ýaraşyk etmelem bolsa urşy dowam etdirmelem bolsa meseläni şolar çözmeli.

Işan aganyň ýaňky sözlerinden soň Pirli aga-da birneme köşeşen ýaly boldy. Birdenem gurbaty gaçan dek aşak çökdi. Ysgynsyz gepledi.

– Düzgünden çykan bolsak bizi bagyşlaň, Kerimberdi. Ýöne, ýene bir gezek aýdýan, gürrüň bu ýerde uruşmaýan halk barada barýa. Onsoňam men şu diýenlerimi siz iru-giç etmeli borsuňyz. Ýöne, giç bor.

Kerimberdi işan bereketli ýüzüni Berdimyrat hana tarap öwürdi. Berdimyrat han hem-ä ýaşulylaryň ýanynda edep saklap, hemem endigine görä ýuwaş gürledi.

– Ine, biz häzir siziň teklibiňizi ara alyp maslahatlaşarys, Pirli aga, çözeris. Ýörüň, isleseňiz özüňizem gatnaşyň. Ýa-da araňyzdan birini goşuň.

– Maslahat öň edildi, han!.. – diýip, Garly gaýşak indi Berdimyrat hana tarap gyýa garady. Ony beýleki ýaşlaram alyp göterdiler. Bu Garly gaýşagyň hyjuwyny hasam artdyrdy. – Özem telim gezek edildi. Hemmesinde-de «uruşmaly» diýen netijä gelindi. Muny ýaňy işan aga-da aýtdy. Indikiňiz näme, biz-ä düşünibilemizok.

Ýöne, bu gezek oňa gulak asanam bolmady. Hemmeler sessiz-üýnsiz ekabyrlaryň yzlaryna düşdüler. «Hyk-çok» edip ýerinden turan Pirli aga-da şol tarapa ýöneldi.

Ekabyrlar welin uzaga gitmediler. Bir gyra çekildiler-de, dik duran ýerlerinde meseläni maslahatlaşmaga başladylar. Pirli aganyň we onuň ýany baran bilen ýaşulylaryň ýer depip garşy bolmaklaryna garamazdan, maslahat urşy dowam etdirmeli, diýen karara geldi.

Şol habary alyp, diwaryň üstündäki ýigitleriň özleri ok atýançalar, patyşa goşuny tarapyndan ýaraşygyň düzgüni bozulmady.

Goşunyň içinde öz ýoldaşlary bilen göz tussaglygynda oturan Dykma serdar, duşmanlar galany topa tutup ugran pursatlaryndan başlap onuň içindäki heýhadyň derejesini duýdy. Şonuň üçinem, ol daş-töweregini gallaşyp duran kazaklary o ýan, bu ýan zyňyşdyryp Lomakiniň ýanyna ylgady. Boýun egmek barada gepleşik geçirmek üçin özüni gala goýbermeklerini haýyş etdi. Emma täzeje etiň ysyny alan aç arslan kimin dolup-daşyp duran goşunbaşlygy ony diňlemegem islemedi. Iň soňkyja umydy puç bolan serdar telpegini ýere bulap urdy-da, üstüne çökdi. Derrewem galdy. Alahasyrdy bolup ýene-de Lomakine tarap ugrady. Depejigiň düýbünde durup özüniň diňlenmegini haýyş etdi. Ýöne, onuň özüne ünsem bermän, top oklarynyň diwarlardan geçip, galanyň içinde elhenç ses bilen ýarylyşyna guwanç duýgusy bilen bakyp durşuny görüp yzyna öwrüldi. Aşak

bakyşyp, ýer dyrmalaşyp oturan Sopy hanyň we beýleki nökerleriň ýanyna bardy. Elini gala tarap uzadyp başyny ýaýkady, bir zatlar diýjek boldy. Synyny silkip eýläk, beýläk öwrüm etdi. Emma gepläp bilmedi. Diýere söz tapmady.

Sopy han ýuwaşlyk bilen ýerinden turdy. Üstüni-başyny kakyşdyrdy.

– Öwezmyrat, birimiz gaçmana synanyşaýsak nädýä... Iň bolmanda düşen ýagdaýymyz-a mälim edibilerdik.

Dykma serdar bir salym böwrüni diňläp durdy.

– Onda bir ýeňilräk ýigitleriň biri synanyşaýsyn.

Sopy hanyň nökerlerinden Ýagmyr atly çepiksiräk hem çakganja bir ýigidi saýlap aldylar. Ol ýigit hamala eýýäm gala baryp, bar zady özüniňkilere habar beren ýaly, gözjagazlaryny ýyltyldadyp, dodaklaryny ýalady. «Baransoň oňa eý diý, muňa beý diý», diýip, daş-töwereginden edilýän sargytlara dagy: «Bor, bor... hoş-hoş... bilýän-bilýän...» diýip, howlukmaç jogap berdi-de, saklawlaryň başagaýlyklaryndan peýdalanyp, basymrak ol ýerden daşlaşmak bilen boldy. Ýörüş başlanaly bäri ýükli düýelere kerwenbaşylyk edip gelýän türkmenleriň biridir diýdirmek üçin, eline bir gulaç ýüpem aldy. Pişik basyşyny edip, rezerwe duran atly otrýadyň ýeňsesine aýlandy. Şol ýerde olaryň öz atlaram saklanýardy. Ýagmyr öz atynyň ýanyna bardy-da, usullyk bilen aşak çökdi. Ýüpüni çözdi. Birdenem ete bokjek pişik ýaly bir düýrmek boldy-da, özüni atyň üstüne zyňdy. Ýöne, näme üçindir atyň başyny gala tarap dňl-de, guma tarap öwürdi.

– Bu näme etdigi boldykan-aý myň... – diýip, Sopy han nägile seslendi. – Düýbünden ters tarapa tutduraýdy-la...

Dykma serdar içki howsalasyny bildirmezlik üçin, dişinden syzdyryp, arkaýyn gürledi.

– Dogry etdi. Gala tarap gaçsa ho-ol ýere-de ýetibilmez. Bumat hemmesiniň gözi şo tarapda. Ýeňse bolsa boş. Soň gumuň içi bilen aýlanyp gelmek oňa kyn düşmez.

– O-da dogry. Ýöne, mazaly arany açýança aty idip gitmelidi. Indi ony basym duýarlar.

Sopy hanyň diýşi ýaly boldy. Ol sözüni soňlap-soýlamanka rezerwde duran dragunlar gaçgagyň yzyndan başly-barat atyp başladylar. Ýöne, urup bilmediler. Oňa çenlem Ýagmyr mazaly arany açdy. Sopy han ýeňillik bilen dem aldy.

– Ind-ä gutulaýdy gerek.

Dykma serdaram uludan demini aldy. Beýleki nökerlere-de jan giren ýaly boldy. Olar: «Häý, şüý-ä bolaýdy-da – bolaýdy», «Oňaraýdy-da – oňaraýdy» diýşip, süýji-süýji gultunyşdylar, bir Sopy hanyň, birem Dykma serdaryň ýüzüne seredişip ýyljyraklaşdylar.

Ýöne, olaryň bujagaz begençleri uzaga çekmedi. Üç-dört sany soldat gala garap duran toplaryň biriniň nilini Ýagmyra tarap öwürdi-de, yzly-yzyna boşadyp goýberdi.

Ýagmyr göz-açyp ýumasy salymyň içinde münüp barýan alny sakar mele aty bilen bilelikde tozana garyldy. Gaýdybam görünmedi. Hatda tozan sabandan soňam ne aty ne özi hiç biri görünmedi. Dykma serdar: «Wah!..» diýip, buduna urdy, hyrçyny dişledi. Sopy han başyny tutup aşak çökdi. Nökerler Ýagmyryň giden ugruna garap, duran-duran ýerlerinde doňup galdylar.

Bu wakadan soň olary goşunyň iň yzky hatarlaryna eltdiler. Saklawlaryny güýçlendirdiler. Atlaryna seretmekligi soldatlara tabşyrdylar.

Dykma serdar welin şondan soň däliräne döndi. Bir oturdy, bir turdy. Birde top oklarynyň gala düşüşini görmejek bolup beýlesine baksa, birde «gümmürdisini» eşitmejek bolup gulaklaryny tutdy. Käte telpegini çykaryp kellesine ýumruklasa, käte sakgalyny ütdi. Iki-baka tasap ýörşüne bir zatlar diýip pyşyrdady. Samrady. Öwran-öwran generalyň duran ýerine tarap dyzady. Her gezegem öňüne böwet bolan kazaklardan geçibilmän yzyna döndi. Durup-durup kükregine urdy. Gapdallaryny sermenip, baryp-ha Bendesendekäler elinden alnan ýaraglaryny gözledi.

Onuň bu gözgyny ýagdaýyna hatda kazaklaram garaçynlary bilen gynandylar. Ony beýle jepalara sezewar edýändikleri üçin, daşlaryna çykarybilmeselerem, öz ýanlaryndan goşun başlyklaryna nägilelik bildirdiler.

Bu ýagdaý hemmelerdenem beter, ýöriş başlanaly bäri öz hökümediniň türkmenler babatdaky beýle ýowuz syýasatyny oňlaman gelýän Iwaşowy darykdyrdy. «Bar, tekeler bir yzagalak, nadan halk ekeni diýeli, a biz näme? Biz dünýä belli döwlet ahyry. Galyberse-de şu adamlar ilçi bolup gaýtjak wagtlary bizde ilçiniň eldegrilmesizligini kepilledirýän düzgüniň bardygyna bil baglandyrlar ahyry. Ýok, biziň munymyz bolmaýar. Biz uly döwlet bolup, döwletsiz halkyň, onda-da onuň haýsydyr bir kiçijik taýpasynyň öňünde gadymdan gelýän halkara düzgünini bozýas. Güýjümiziň rüstemdigini görüp durkagam ejizlik edýäs. Bu biziň gaýry ýurtlaryň öňünde öz-özümizi masgaraladygymyz bolýar. Basybalyjylygymyzyň üstüne diýdimzorlugam etdigimiz bolýar. Dogry, urşy bir başlanyňdan soň ýeňiş üçin eliňden gelenini etmeli, oňa söz ýok, ýöne, ol ýeňiş arassa, mert ýeňiş bolmaly. Beýle namartlyk welin hiç bir kada-kanuna dogry gelenok...»

Iň bärkisi Çurkin näme, şo-da Dykma serdar tussag edileli bäri oturan-turan ýerinde:

– Bu ýagdaý Orsyýet ýaly uly döwletiň adyna ysnat getirýär ahyry – diýip, jibrinip ýör.

Dogry, Pirli aga başlyklaýyn gojalaryň aman dileşip galadan çykmaklary, atyşygyň togtamagy Dykma serdaryň ýaňy bir sönüp ugran umyt uçgunjyklaryny täzeden köretdi. Gepleşikleriň netijesine sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Ekabyrlaryň hälem bolsa, ýagdaýa boljak işe göz ýetirenlerinden soň bir ýaraşyga ýüz urmaklaryny, urşy togtatmaklaryny isledi. Emma, bilşimiz ýaly onuň garaşýan netijesi çykmady. Atyşygyň täzeden başlanmagy ony urup-ýaryp ýene-de generalyň ýanyna barmaga mejbur etdi.

Emma Bendesenden bäri dilmaçlyk edip gelýän dagystanly ýigit bir ýerden ylgaşlap geldi-de, generaldan daşlaşdyrmak üçin, ony gödeklik bilen bir gyra itekläp ugrady. Dykma serdar:

– Çek eliňi-i!.. – diýip, hökümli gygyrdy. Soň özüne ünsem bermän duran generala ýüzlendi. Hanasyndan çykara gelen gözlerini tegeläp titir-titir edip durşuna sandyraýan elleri bilen sakgalyny gysymlady. – Şundan şuýana size tarap ýan bassam, kelamyllan-a ara goşmaýyn welin, ine, şu sakgalymdan ant içýän...

Dilmaç onuň sakgalynyň ujundan tutdy. Birki ýola bat bilen çekdi.

– Şu sakgalyňdanmy? Hä? Şu sakgalyňdan ant içýäňmi? Sakgal bormy mundanam bir, sübse ýaly...

Dykma serdar onuň iki bykynyndan tutaga-da, dik depesine göterenini bilýär, ýöne, pylçap ýere uranyny, üstüne münüp hekirtmeginden alanyny welin bilenok. Telim gezek guşagyny sermenenden soň ol:

– Wah, damagyny çalara gök demirem ýok-da – diýip, edil aýagyna pürs çümen aýy ýaly arlady. Dilmajyň bokurdagyny öňküdenem has berk gysdy.

Kazaklar dilmajy ölümiň öýünde serdaryň elinden aldylar. Bu ýagdaýy synlap duran Lomakin kazaklara:

– Tussag ediň!.. – diýip, gygyrdy. – Hemmesini tussag ediň!.. Öý tussagy ediň! Çykarman saklaň...

Şol pursata çenli ors goşunlarynyň arasynda göz tussagy hökmünde saklanyp gelinýän türkmen ilçileri şondan soň hakyky ýesirlere öwrüldiler.

Äkidip barýarkalar, Dykma serdar top oklarynyň zenzelesiniň arasy bilen, generala şu sözleri aýtmana ýetişdi.

– Sen namartlyk etdiň, gynaral. Seň ýeke bir özüň däl, alyp barýan syýasatyňam, uruş tärleriňem namart. Sen bu hossarsyz, ejiz halky hiç bir düzgüne sygmaýan usullar bilen gyrmakdan, şu gyrgynçylyk üçin hiç kimden zowal bolmajakdygyny duýmakdan ýaňa keýp alýaň. Emma, bilip goý, türkmen gurtdur. Onda-da çöl gurdudyr. Ol saňa aňsat el bermez. Ýalam bolmaz. Alla bizlik bolsa ol seni mensizem alar. Şiri-derga ýar bolsa sözüm ýerde galmaz, işşalla!...

Atyşygyň täzeden başlanmagy bilen, galadakylaryň arasynda ýene-de erewde-berewlik, yzanda-çuwanlyk başlandy.

Amanat janyny ajala ardurja aldyrasy gelmedikleriň birnäçesi, soňky maslahatyň gelen kararyna garamazdan, barybir galany terk etmekligi ýüreklerine düwdüler. Ol hereketiňem guraýjylary Pirli aga başlyklaýyn şo-ol, öňki gojalar bolup çykdylar. Olar öz diýenini edäýjek adamlaryň, hususan-da ýakyn garyndaşlarynyň çagalaryny, aýal-ebtat, garry-gurtusyryny galadan, has takygy gyrgynçylykdan alyp çykmaklygy öz öňlerinde maksat edip goýdular. Ýigitler welin, goý, urşubersinler. Ol olaryň borjy. Köpçüligiň gelen karary olar üçin kanun.

Hä diýmänem gojalardan, aýallardan we çagalardan ybarat birgiden bosgun galanyň Aşgabat ýoly tarapyndaky derwezesinden hiç hili goragsyz, soguşyp çykdylar. Emma patyşa goşunynyň ýolbaşçysy eýýäm galadan bir adamy hem diri goýbermezlik barada buýruk beripdi. Şonuň üçinem, pereýaslawlylar otrýadynyň dragunlary desbe-dähel olaryň üstüne çozdular. At üstünde oturan ýerlerinden ölüm oduny sepeläp gelýän kazaklary görüp, bosgunlar ýagyşdan gaçyp damja uçrandyklaryna düşündiler-de, başly-barat, çyr-çykylyk bolşup yzlaryna öwrüldiler. Olara baştutanlyk edip gelýän Pirli aga hemmelerden yza galyp, kazaklary derwezäniň daş ýüzünde garşylady. Ýüzbe-ýüz durup, iki elinem öňe serdi.

– Aý, iniler! Ors batyrlar! Gaçmana bir goýuň-a bu bendeleri... Uruşýan halk däl-ä bular... Görüň-ä, barysy aýal-ebtatdyr, çag-a... Ynsap ediň-ä... Dianam ediň-ä...

Çat maňlaýyndan çümen gyzgyn gülle gojanyň sözüni soňlatmady. Ol iki gaşynyň arasy bilen syrygyp gelýän gyzyl gana boýalan ak sakgalyny galgadyp arkan ýykyldy. Şol ýatyşyna-da sözüni dowam etdirmekçi bolýan ýaly kazaklara tarap elini uzatdy. Gözlerini agar-düňder edip agzyny açdy. Ýöne, agyzam, gözem şol durşuna açyklygyna galdy. Tirseginden ýokarsy ýeňden çykan hor, ýap-ýaňyja-da öňe uzap duran damarlak elleri bolsa şalkyldap aşak gaýtdy. Şondan soň ondan hiç hili gymyldy-hereket bolmady. Onuň üçin uruş gutardy.

Pirli aganyň maslygyny at toýnaklaryna basgyladyp, bosgunlaryň yzy bilen gala girip ugran dragunlaryň ýeňsesinde duýdansyz ýerden bir bölek türkmen atlylary peýda boldy. Olaryň öňüni çekip gelýän uzynak, inçemik at ýüzli, görmegeý ýigit:

– Uruň, ýigitler! – diýip, hyjuwly gygyrdy-da, gylyjyny syryp drangunlaryň bir çetinden girip ugrady. Öňlerindäki çöp-çalama çolaşyp, gum garbaşyp, ýykyla-sürşe gaçyp barýan biçäre bendeleri urmaklyga, çapmaklyga kellesi gyzan dragunlar esli wagtlap yzlarynda nämeleriň bolup geçýändiginden bihabar galdylar. Ýagdaýy aňanlaryndan soň bolsa ala-tozan turzup, at haýkyrdyşyp yzlaryna öwrüldiler. Iki topar garpyşdy. Garjaşma «oýny» emele geldi. Tüýs, türkmen ýigitleriniň diýeni boldy. Soldatlar tüpeň işledip bilmediler, şonuň üçinem gollary gylyçda bolsa-da gözleri derweden aýrylmady. Dert-azar şol tarapa süýşmek bilen boldular. Uzaga çekmedik bu aldym-berdimli söweş tekeleriň ýeňşi bilen tamamlandy. Dragunlardan sanlyja adam gaçyp gutuldy.

Türkmen atlylary, gelişlerindäkidenem has çaltlyk bilen yzlaryna öwürldiler. Galadan saýlanyberenlerinde görmegeý ýigit goltugyndan ak kepderi çykardy-da, asmana uçuryp goýberdi. Galanyň hem içinden, hem daşyndan:

– Ruhy batyr!...

– Guşly batyr!.. – diýen sesler eşidildi. Kepderi galanyň üstünden bir öwrüm etdi-de diwarlaryň düýbi bilen gündogar sary gykuwlaşyp barýan atly ýigitlere bakan pessaýlady. Baryp at üstünde dim-dik oturan Ruhy batyryň egnine gondy.

Duşman galany esasan üç tarapdan gabapdy. Onuň gündogar diwar tarapy açyk galypdy. Dört sany kiçi galanyň üçüsi şol tarapdady. Şolaryň birinde türkmen ýigitleriniň bukulyp galandyklaryny, dynuwsyz ok atmak bilen çozuşa päsgel berýändiklerini Lomakine habar berdiler.

– Knýaz Golisyn!.. – diýip, general çasly gygyrdy. Golisyn çest berip gaşynda häzir bolandanam gyssagly buýruk berdi. – Bir otrýad bilen baryň-da, goraýjylary galajykdan kowup çykaryň!..

Golisynyň otrýady galajyga tarap Aşgabat ýoly bilen ýüzün salyp barýarka, sag tarapdaky gyralaryny çöp-çalam basyp giden, içi suwsuz köne ýabyň içinden yzly-yzyna, birnäçe gezek tüpeň sesi çykdy. Emma hiç kime ok degmedi.

Ol ýeri barlamak üçin Golisyn kazaklarynyň birnäçesi atlarynyň başyny şol tarapa öwürdiler. Olaryň arasynda Çurkin hem bar. Olar ýabyň gyrasyna baryp at başyny çekdiler. «Görsene muny-da, görsene muny» bolşup biri-birleriniň ýüzüne seredişdiler. Ýylgyryşdylar. Çünki, olaryň öňünde sapançasyna ok sürüp duran urşujy erkek adam däl-de, görmegeý, tokmak saçly, ganatlaryny gerip uçup barýan garlawaja meňzeş gaşlarynyň aşagyndan goňrumtyl, goýun gözleri ahmyrly balkyldaýan, badam gabakly ýaş türkmen gyzydy. Ol Enehakyda. Ýöne, ol ýeke däl. Gapdalynda Baýramgül tebibem bar. Oky gutaran bolsa gerek, ol ýabyň içinde köneje berdankasyny gujaklap, çugutdyryp otyr. Gözleri bilen soldatlary iýäýjek bolýar. Olaryň ikisiniňem ýüzünde gorkudan-ürküden nam-nyşan ýoklugy soldatlary haýran galdyrdy. Oňa çenlem Enehakyda sapançasyna ok sürdi-de, ýaňy

bir atdan düşmäne hyýallanan Çurkine çenäp atyp goýberdi. Ok soldatyň ýaňagyny sydyrdyp geçdi. Gyz mäşäniň ikinji gezek sykanda sapançanyň gulagy «şyňk» etdi. Göçmedi. Çurkin eýýämhaçan gyza tarap tüpeňini çenäp ugran ýoldaşyna:

– Dur! Atma!.. – diýip, gygyrdy-da, usullyk bilen atdan düşdi. Sypjyrylan ýaňagyny aýasy bilen ýapyp gyzyň ýanyna bardy. Onuň özüne düşünmeýändigine gözi ýetip duranam bolsa elini uzadyp: – Getir bäri eliňdäkini bu seniň oýnajak oýunjagyň däl... – diýdi.

Enehakyda ýyldyrym çaltlygynda sapançanyň uç tarapyndan tutdy-da:

– Me saňa sapança! – diýip, ters tarapy bilen Çurkiniň ýazzy maňlaşyna ýelmedi. Gözi garaňkyrap entirekläp ugrandanam bir ädim gaýra çekiläge-de, köwüşli aýagynyň ökjesi bilen türresine bir depdi welin, Çurkin görgüli gollaryny gerip, duran ýerinde on gezek dagy aýlandy. Kaňşyrawugy awuşap gözlerine ýaş geldi. Ahyram çiňarkan gaýtdy-da, gözlerini çaşardyp çäşerildi ýatyberdi.

Şondan soň Enehakyda ylgap baryp Baýramgül tebibiň elindäki berdanka ýapyşdy. Kempir burnuna salyp «hoňňul-hoňňul» etdi.

– Wah, ok gutardy, gyzym, ok gutardy. Oky bolsa men näme, oturjakmy, şeýdip. Çüýlejeg-ä göbekleriniň aşak ýanyndan. – Ol birdenem etegine ot düşen ýaly hasyrdap ýerinden galdy-da, tüpeňiniň nilinden tutup, eýýämhaçan üstüne howala bolan atlylara tarap bulaýlap başlady. – Me size Ahal! Me size Gökdepe! Mäň size gala! – Agyr gundak başlaryny silkip oýan, buýan öwrüm edýän atlaryň käte «gürp» edip sagrysyna degse, käte «hylk» edip soldatlaryň piriniň uýlugyna degdi. Awunan soldat erbet sögündi-de, öz tüpeňiniň gundagy bilen kempiriň edil, boýnunyň çykan ýerine suňşurdy. Kempir:

– Wah, ýezit! – diýdi-de, ýegşerilip aşak oturdy. Iki eli bilenem gundagyň degen ýerini tutdy. Soldatlara garap ýene bir zat diýjek boldy welin, sesi içinden çykmady.

Enehakyda ylgap baryp ony gujaklady. Ikinji gezegem urmana hyýallanan soldatyň ýüzüne gazaply garady.

– Degme!!!...

Oňa çenli Çurkinem «hyk-çok» edip ýerinden galdy-da, kempire çenenen soldaty saklady.

– Urma!

Şundan soň Enegakyda bilen Baýramgül tebibi südenekledip Lomakiniň ýanyna eltdiler. Bolan wakany bolşy ýaly edip aýtdylar.

– Häý, ýer ýuwutmyşlar! Häý, Hudaýdan tapmyş jyrk sary belalar! Eneňiziň içinde ýene ýekeje gün ýatan bolsaňyz boka dönjek ekeniňiz-ä... – diýip, özüne tarap gyşarylyp oturan Baýramgül tebibi mazaly synlandan soň general oňa ýüzlenip:

— Näme, urdularmy – diýip sorady. Soň soldatlara ýüzlendi. – Urduňyzmy? – Olaryň belli bir jogap beribilmän ýaýdanýanlaryny görübem ýüzüni bir gapdala sowup nägile seslendi. – Oňarmansyňyz. Beýtmeli däl ekeniňiz. Uruşda her zat bilýandyr, ýöne, aýal-gyzlara, çagalara, garrylara, serkerdelere degmek bolýan däldir.

Ol näme diýse «patdyk-sutdygragam» bolsa türkmençä öwrüp duran terjimeçiniň soňky sözlerinden soň kempir kellesini titredip oturan ýerinden generala tarap barmagyny çommaltdy.

— Şu iň ulyňyzmy şü? – «Howwa» diýen jogaby eşidendenem ýerinden turdy-da, boýnunyň agyrysyna bütin göwresi bilen egreýlip, generalyň ýanyna bardy. Gyşarylyp ýüzüne bakdy. Elini gala tarap uzatdy. – Beýle paýhasly bolýan bolsň, gele-gelmäne eden işiňi bir gör, bar-da. Şu çaka çenli gyrylanlaryň-a hemmesi çül-çagadyr, aýal-ebtat, garry-gurtudyr gyz-oglan. Iň bärkisi ine, ýap-ýaňyja birtopar bigünä bendeleri gaçyp gutulmanadam-a goýmadyňyz. Pirli görgülinem-ä öldürdiňiz şolar bilen bile. – Kempir gitdigiçe gyzdy. Gyzdygysaýam generalyň gözüne gorkunç göründi. – Ir döwrüň patyşalary hatda gulan-keýik awlanlarynda-da, tohmy tükenmesin diýip bäş-on sanysyny diri goýberýän ekenler, seňkiler-ä şonam edenoklar. Sebäbi, siziň niýetiňiz ýaman. Siziň niýetiňiz tekäň tohmuny tüketmek. – Kempir birdenkä jynssyz gygyrdy. – Gözüň-ň gursun, mawa gelen urkaçy pişigiň gözi ýaly...

General kempiriň soňky sözlerine ünsem bermedi-de, «heh» etdirip ýalandan güldi.

— Gala sizi biz dykmadyk, özüňiz girdiňiz. Urşam özüňiziňkiler islediler. Siz häzir öz islän zadyňyzy görüp dursuňyz.

— Sen töwellany gaýtardyň. Dykma serdar bilen giden ýigitlerimizi bolsa tussag etdiň. Sebäbi, sen Dykma serdardan gorkýaň. Garşyňda dursa ondan basyljagyňy bilýäň. – Şondan soň Baýramgül tebip generaly haýranlar galdyryp birnäçe gün mundan ozal Dykma serdaryň aýdan sözlerini gaýtalady. — Ýöne, bilip goý, gala-da serdar kändir. Batyram kändir. BarANyňyzyň bagryňyzy garaldar durarlar.

General bu gezek kinaýaly güldi.

— Kempirleri bilen ulygyzlaryny öňe tutup ugran bolsalar serdarlaryňyzyňam, batyrlaryňyzyňam ýagdaýlary öwerlik däl bolara çemeli.

Häliden bäri gaşlaryny çytyp, aşak bakyp duran Enehakyda bir ädim öňe süýşdi.

— Bizi urşa serdarlarymyz sürenok. Özümiz çykdyk. Onda-da olardan bidin, çykdyk. Bu biziň size bolan ýigrenjimiziň çäksizdiginiň alamatydyr. Şonuň üçinem, size bu ýerden aman sypmak başartmaz. Siziň baryňyz şu ýerde tümmek borsuňyz. Hälem bolsa bir pille, Ahaldan çykyň! Bu halk siziň çeýnejek çöpüňiz

däldir. Ok-ýarag şaýy el-halragam bolsa, ýüregi siziňkiden güýçlüdir. Galasy pagsadan bolsa-da, erki polatdandyr. Synmazdyr. Ruhy belentdir. Galany alanyňyz bilenem işiňiz tamam bolaýmaz. Garagumyň her örküjiniň aňyrsyndan bir Keýmir kör çykar. Köpetdagyň her bir gerşiniň aňyrsyndan ýüzlerçe Görogly dörär. Jelaleddin dörär. Olar sizi barybir süýegiňizi süýräp, özüňizi süreniňize atmana mejbur ederler. Şonuň üçinem gowusy şu wagt gidiň! Wagtynda gidiň! Çaltrak gidiň! – Gyzyň gözlerine ýaş aýlandy. Damagy doldy. – Gidiň! Gidiň! Gidiň!..

Enehakydanyň bu sözleri hemmäni haýran galdyrdy. Üýşendirdi. Eýmendirdi. Şol bir wagtyň özünde-de sylag-hormat duýgularyny oýardy. Generalyň hut özem oňa guwanman durup bilmedi. Ondan gözüni aýyrman, şu wagtjyk eşiden sözlerini aňynda aýlap durşuna: «Watanperwerlik ine, hut, şunuň ýaly bolmalydyr», diýip, içini gepletdi-de, soldatlara ýesirleriň ikisini gala ugratmaklygy tabşyrdy.

Ak baýdak göterip barýan üç sany soldat, «myhmanlary» tä, galanyň derwezesine çenli ugratdy.

Daş-töwerekde uruş edil öňküsi ýaly dowam edip, duranam bolsa, ak baýdakly soldatlara tarap tekeler ýekeje okam atmadylar.

Galajygyň goraýjylaryny kowup çykarmak üçin knýaz Golisynyň ýolbaşçylygynda giden otrýadyň gyz bilen kempire güýmenip galanlaryndan öňňesi uly bolmadyk ýitgi, birnäçe ýaradarlary bilen birlikde tabşyrygy berjaý edip yzlaryna geldiler. Indi uly gala tarap doly ýol açyldy. Ähli päsgelçilikler aradan aýryldy. Şeýle-de bolsa, çaknyşygyň başlanyşyndan çen tutup, general Lomakin garşylygyň öz çak edişinden has çökderräk boljakdygyna düşündi we graf Borhuň ýolbaşçylygyndaky ikinji kolonnanyň hem gelip ýetişer garaşmaklygy ýüregine düwdi. Hut şol niýet bilenem, äpet aždarha ýaly assa-ýuwaşdan gala tarap süýşüp barýan goşuny saklady**.**

Ýöne, entek duşman gelmezinden öň giň meýdana ýaýran, ýurda belet türkmen ýigitleri üznüksizlik bilen kä soldan, kä sagdan, käte yzdan çozup, graf Borhuň kolonnasynyň hem ýörüşini birsyhly bökdeýärdiler. Hereket etmäne, bellenen ýere bellenen möhletde ýetmäne päsgel berýärdiler.

Pirli aganyň bosgunlaryny halas edip gidenden soň, Ruhy batyram baryp şolara goşuldy.

Netijede, ikinji kolanna gelmeli wagtyndan kän gijä galdy.

Şonuň üçinem, Lomakin graf Borha çapar ýollady. Emma gara görnüm ýerde köwejekleşip, duşmana haýbat üçin gylyçlaryny depelerinde dalawladyşyp, at oýnadyşyp ýören ýigitleriň biri çapar otrýaddan saýlanyşy ýaly oňa bakan

okduryldy. Kazak atynyň başyny kä eýläk, kä beýläk burup, sap bilen sypmaga synanyşdy. Emma asty ýüwrük bedewli ýigit derrew onuň yzyndan ýetdi we entek at üstünde otyrka kellesini kesip taşlady. Başsyz göwre hemmeleri geň galdyryp esli ýere çenli at çapdyryp gitdi. Hatda birki gezek atyny debsilän ýalam, jylawy o ýan, bu ýan buran ýalam boldy. Muňa ony başsyz galdyran ýigidiň özem birhili bolup, tä atdan agýança yzyndan seretdi durdy. Arasynda ho-ol, beýleräkde çöp-çalama çolaşyp  ýatan çypar kellä-de telim gezek dagy nazar aýlady.

Bu zatlar şeýle bir çalt bolup geçdi welin, Lomakin: «Tfu-u» diýip erbet sögündi we ikinji kolonna gelip ýetýänçä uly galany top okuna öňküdenem has güýçli derejede tutmaklygy buýurdy.

Birdenem uly galanyň demirgazyk diwaryndaky derwezesinden birnäçe eli tüpeňli pyýada ýigitler atylyşyp çykdylar-da, kiçijik tümmejiklere, salmajyklara bukulyşyp, şol diwaryň üstündäki ýigitleri oka tutup duran dragunlara golaýlaşdylar. Olar entek ot açyp ýetişmänkäler, Lomakin dragunlara garşylyklaýyn hüjüme geçmek barada buýruk berdi. Dragunlar atlaryny debsileşip, uly goh bilen türkmen ýigitleriniň üstüne eňdiler. Ýöne olara ýetmänkäler, ot-çöpüň astynda görünmän ýatan, suw gidip jork batga öwrülen meýdaçanyň üstünden bardylar. Ozaldanam ýadaw atlar aýaklaryny batgadan alybilmän ilk-ä batlaryny haýallatdylar, soňam duran ýerlerinde dyzadylar durdular. «Hopur-hopur» edip batga art aýaklary gitse-hä kelleleri dik ýokary galýa, öň aýaklaram howada kelemenläp dur, öň aýaklary gitse-de kelleleriniň ýarysy lüýk batga çümýä, art aýaklary bolsa asla diýen edenok.

Gyssaga düşen kazaklar atlaryny ýetişibildiklerinden saýgylaýarlar. Debşileýärler. Atlaryň hereketleri welin gitdigiçe haýallady, soňabaka-ha halys lüt durdular. Dragunlara erbet galagoplyk aralaşdy. Üstesine ýigitlerem bukularyndan böküşip çykdylar-da, ot sowrup öňe okduryldylar. Dragunlaram at üstünde oturan ýerlerinden olara tarap ok ýagdyrdylar. Ýigitleriň gözleri ýok ýaly tüwdürilişip gelişleri dragunlary hasam aljyratdy. Howsala saldy. Sustlaryny basdy. Olaryň köpüsinde: Indi bize şu batgadan çykmak ýok bolsa gerek, diýen pikir döredi. Ýigitler has golaýa gelendenem batga batan atlaryndan böküşip düşdüler-de: «Ur-ra-a!.. diýşip, jorkuň içi bilen ýigitlere tarap «jolkuldaşyp» ugradylar. Batganyň içinde bolup geçen bu tutluşyk uzaga çekmedik hem bolsa, iki tarapdanam ýitgi köp boldy. Dragunlara pyýada atyjy esgerleriň kömege gelmegi bilen, türkmen ýigitleri bialaç yza çekilmeli boldular.

Lomakiniň hasaby boýunça, şondan soň bäşdir-üçdir bolaýmasa, uly galanyň daşynda goraýjy galan bolmaly däldi. Bu onuň göwnüne düwen uruş çäreleriniň ilkinjisidi. Ýagny, esasy hüjüme geçilmezinden öň, tekeleriň barysyny galanyň içine düýrläp dykmalydy.

Bu hut şeýle hem boldy. Türkmenleriň ähli güýji bala-çagalary bilen birlikde gala atly mähnet gazanyň içine gapgaryldy. Ol gazanyň oduny güýçlendirmegem, peseltmegem indi goşun başlygynyň hut özüne bagly. Gazanyň içindäki lukmany gowrup ýa gaýnadyp iýeýin diýse-de, şu gün agşamlyk ýa ertir ir bilen iýeýin diýse-de öz işi. Esgerleriniň ýadawdyklaryna, esli gün bäri düzüwli dynç almak, entäp gelýändiklerine garamazdan, onuň şol lukmany ertire-de, agşama-da goýman, hut şol wagtyň özünde «lak-luk» edesi geldi. «Lomakin Ahaly barşy ýaly, ýüzüniň ugruna, ýük ýazdyrman alypdyr» diýdiresi, şeýdibem, Aleksandr Makodenskä meňzäsi geldi. Tekeleriň ganlarynyň üsti bilen özüne şan-şöhrat gazanmak isledi.

Şonuň üçinem, ikinji kolonna gelýänçä goşuny hut özi gözden geçirdi. Ähli bölümlere başky pozisiýalaryny eýelemekligi tabşyrdy. Ediljek zabtyň ilkinji çäreleri hökmünde galanyň bolsa, içinde ýer bolmandygy zerarly demirgazyk diwaryň daşyndaky seňňeriň öňünde dikilen gara öýlere ot bermekligi buýurdy.

Ol buýrugy ýerine ýetirmeklige on iki soldat höwes bildirdi. Olar bukdaklaşyp gara öýlere golaý bardylaram welin, birnäçe türkmen ýigitleri öýleriň arasyndan atylyşyp çykdylar-da, gelmişekleri agzybirlik bilen oka tutdular. Höwesjeňler öňe tarap hereket etmekden geçen, gaýtam başly-barat gaçmak bilen boldular we hiç bir ýitgisiz yzlaryna dolanyp bardylar. Gara öýlere şondan soň olaram golaýlaşmadylar, başga bölümlerdenem hüjüm eden bolmady.

Sagat üç boluberende ikinji kolonna hem gelip ýetdi. Şondan soň Lomakin uly gala ediljek esasy hüjümi öýlän sagat bäşe belledi. Muny eşidip, goşunyň üçünji toparyna degişli esgerleriň arasynda «yňňyl-çyňňyl» başlandy. Buýruk esasanam pyýada goşundakylara ýokuş degdi. Açyk bir zat diýip bilmeselerem:

— Iň bolmanda az-kem dynç bir bermeli ahyry...

— Bu bolşumyza biz hiç zada ýaraman masgara borus – diýen ýaly nägilelikli sözler aýtdylar.

Ýöne, olaryň ojagaz «iňňildileri» aňsat ýeňşiň, ýeňil şöhratyň kül-külüne düşen serkerdäniň gulagyna-da ilmedi. Asla gulagyna ýetmedem. Onuň öz pikiriçe bolsa soldatlar sähelçe salymlyk dowam etjek zabtdan soň galany eýeläp, arkaýyn dynç almalydylar. Ertire alada galmaly däl. Olar ir bilen ýerlerinden ýeňiji hökmünde örmelidiler. Ýeňiş toýuny toýlamalydylar. Oňa çenli Gökdepäniň alnandygy baradaky habar Petrburga – Onuň Aly Hezretlerine baryp ýeter.

Öýlän sagat bäşe on bäň minut galanda, geleli bäri galanyň üstünden ot sowrup duran toplaryň barysy dymdy. Uly tupanyň öňisyrasy bolşy ýaly, Gökdepe galasynyň degre-daşyny elhenç bir ümsümlik gurşap aldy.

Galanyň içi welin ümsümlik däl. Ýurduň ykbalyny çözjek aýgytly pursatyň ýetip gelendigine düşünen halk öňküdenem beter howsala düşdi. Galyň bende ýaş çagasyny, garry-gurtusyny bir öýe salýar, bir ondan çykaryp tüme dykýar. Eýýämhaçan öýlerinden, tümlerinden jyda düşenler bolsa açyk meýdanda üşerilişip durlar. Adamlaryň ýene bir topary bir ýere üýşüşip, biri-birleri bilen bir zatlary maslahatlaşýarlar, bir zatlar barada biri-birlerine sala salýarlar. Birentekleri ara düşen böwşeňlikden peýdalanyp, ýap-ýaňyja şehit bolan merhumlaryny jaýlamak bilen ber-başagaý. Ýene birleri bolsa henizem öz söýerleriniň läşlerini gujaklaşyp, gan eňreşip otyrlar. Merhumynyň jesediniň käbir böleklerini tapman, heniz eýe çykylmadyk maslyk üýşmeklerini dörjeşdirip, uly ili bilen bagyryşyp ýörenleriňem hetdi hasaby ýok.

Kepeläniň köri indi Diňlidepniň düýbünde däl-de, ýokarsynda, ýaşyl tuguň aşagynda oturyp ýigitleri söweşlere ruhlandyryjy aýdymlar aýdýar.

Ümsümlik pursatyndan peýdalanyp serdarlar, han-begler galany goraýjylara iň soňky tabşyryklary berýärler. Diwarlaryň üstüne çykyp, köpüsi has irki döwrüň pelteli gala tüpeňleri, käbirleri bolsa hyrly bilen ýaraglanan ýigitlere oklarynyň barybir duşmana ýetmeýändigi üçin ýagy gowy atyma gelýänçä  atmazlygy, oky biderek zaýalamazlygy, därini tygşytly tutmaklygy tabşyrýarlar. Diwarlaryň üstünde duran ýerlerinden duşmanyň ählli serkerdelerini hüşgärlik bilen synlap duran ýigitler buýrulan buýruklara boýun bolup, aýgytly pursatyň gelerine garaşýarlar.

Şu gün günortandan soň Abdylla ussa bilen wagtlaýynça hoşlaşyp, goraýjylara goşulan Ahally hem häzir diwaryň üstünde oturan ýerinde tüpeňini dutar edinip, halypasy Gönübek sazandanyň täze döreden sazyna goşundy bolup biläýjek äheňleri gözleýär.

Tilkiçi şahyram onuň sag gapdalynda gylyjyna söýenip dur. Ahallynyňky ýaly onuňam öz aladasy özüne ýetik. Henizem şo-ol, araky gören düýşünden aýňalyp bilenok. Içine-hä sygdyryp bilenok, daşyna çykarmana-da çekinýär. Ahally bilen paýlaşaýsa bolaýjagam welin, onda-da özüniň gorkak saýylaryndan ätiýaç edýär. Ony köşeşdirýän ýeke-täk zat, o-da Enehakydanyň: «Biz hökman ýeňeris», diýen sözi. «Käşgä şeýle bolsady, käşgä meniň düýşüm ýalan bolup çyksady... Eý Huda-aý!..  Giden mazarystançylyk. Hemmesem täzeje... Ýok, ýok, beýle zat bolup bilmez. Meni Şeýtan oýnandyr. Al kakandyr. Gara basandyr. Elbetde! Ýöne men şol gije agyr naharam iýip ýatmandym».

Soňsuz oýlardan aýňalansoň Ahally tisginip daş-töweregine garanjaklaýar. Bolup durşuny biriniň gören bolaýmagyn  ahmaldygyndan ätiýaç edip müýnürgeýär. Hiňlenjiräp oturan Ahalla göz astyndan seredýär. Çünki, urşuň oň

ýany oýa batmak, özüňi pikire basdyrmak, sus görünmek ýigidi namart görkezýär, onuň gorkaklygyndan habar berýär. Duşmany göreniňde şähdiň açylmagy, keýpiň göterilmeli.

Ýok, Tilkiçi hiç haçan namart bolmandy, indem bolmaz. Atda kelew ýaly hiç kime öz üstünden güldürmez. Alamana gidip baş kesip ýören adam bolmasa-da, edil, gylyç tutup, ata münüp bilmeýänlerden-ä däl. At gazanan «batyr» bolmasa-da gorkak adyny alan ýerem ýok. Dogry, onuň gylyjy köne, ýöne abat. Telim gün bäri çalnyp-çalnyp sünnälenen, taplanan. Esasy ýerem ol ony hiç kimden diläp alanok. Öz dulundan, tärimden asylgy duran ýerinden aldy. Ýüregi şahyrçylykda, daýhançylykda, malgalada, gün-güzeranda bolsa-da, «ýeriň geler ak taýak» diýen nakyla eýerip, ol bu gylyjy baryp-ha bir wagtlar Abdylla ussadan satyn alyp goýupdy.

Howwa, düýşünden sag-aman saplanyp bilse, onuň kalbynda wehim ýok. Gaýtam Kepeläniň köri ýaly aýdym aýtmasa-da, öz goşgulary bilen il-güne goltgy berip ýör. Onuň goşgularyny ýat bekläp, özüniň ýok ýerinde aýdyp ýörenlerem bir ýa iki däl. Ony ekabyrlaram gowy görýärler.

Hamala onuň oý-pikirlerini dargatmakçy bolýan ýaly, şol wagt duşmaan toplarynyň barysy birden «gümmürdäp» atyldy. Ýer-gök sarsdy. Gala yraň atdy. Iň bolmanda şu günlükçe-hä, bela sowulandyr öýdüp az-kem arkaýynlaşan halkyň başynda kyýamat täzeden gopdy. Gümmürdiniň yzy bilen eşidilen köpçülikleýin «ur-ra» sesi ondanam has aýylganç eşidildi. Barha-da golaýlaşdy.

Bu, duşmanyň aýgytly hüjüme geçendiginiň alamaty. Halk welin özüne öňküdenem beter has aýylganç ykbalyň garaşýandygyndan entek bihabar. Ýöne, aňýar. Syzýar. Şonuň üçinem, top oklarynyň täzeden ýarylyp başlanmagy bilen galanyň içindäki erewde-berewlik öňküdenem has artdy. Aýal-ebtatlar, garry-gurtular ýene-de özlerini urara ýer tapman dumly-duşa ylgaşlap başladylar. Oglan-uşaklaryň, gyz-gelinleriň işe ýaranlary diwarlaryň üstünde, daşynda we iç ýüzünde, derwezeleriň agzynda duşman bilen bilen garpyşmana taýýar bolup duran eli gylyçly ýugutlere, galanyň daş ýüzündäki garymyň içinde ýerleşen mergenlere suw, çörek, ok-däri daşamak barada özlerine öňden tabşyrylyp goýlan ýumşy ýerine ýetirmek üçin, ýerli-ýerlerine, orunly-orunlaryna tarap sözanda-guýruk, sogdurylyşyp ugradylar. Çagalaryň elinden tutup, çar tarapa alakjaşyp ýören ak gyňaçly garry aýallar nirä gaçýandyklaryny, nämeden gaçýandyklaryny bilmezden dumly-duşa pytraşdylar, aram-aramam bir ýere jemlendiler-de, hamala şeýtseler Alla ahy-nalalaryny basym eşitjek ýaly agyzlaryny dik asmana tutup: «Alla-a!.. Alla-a!..» diýşip, yzlaşdylar. Birdenem şyr-ak takyr ýere çökdüler-de, hasalaryny gapdallarynda goýup ýer ýumruklaşdylar. Ak patyşanyň ata-babasyna çenli nälet okadylar. Türkmen ýigitlerine Alladan güýç, kuwwat dilediler. «Daşynda durka

şeýtse bu nägehan galanyň içine giräýse dagy näderkä» diýşip, öňküdenem beter howpurgaşdylar. Turup, ýene-de ugrybir ylgaşdylar. Gaçyp barýan ugurlarynda snarýad ýarylsa arkan serpilişip ýene-de yzlaryna gaçdylar. Top oklary welin ýeke bir keýik sürüleri ýaly ondan-oňa tazygyşyp ýören kempirleri, gyz-gelinleri ýa çagalary däl, eýsem hümmet hasalaryna daýanyp, nirädigini özlerem bilmezden yrgyldaşyp barýan gojalaram, sowuk ýaragdan başga söweş enjamlary bolmansoň dişlerini gyjaşyp, gereklenäýjek pursatlaryna garaşyp duran ýigitleri-de bir ujundan paýhynladyp gidip otyr. Iň bolmanda her biri bäş-üç sany malyň başyna ýetýär welin boş geçýäni ýok. Sebäbi, galanyň içinde boş ýer ýok.

Top oklarynyň biri Berdimyrat hanyň öýüne düşdi. Onuň özi ekabyrlar bilen Diňlidepäniň üstünde, urşa gözegçilik edip durdy. Çagalaryny bagryna basyp, Allany çagyryp oturan aýaly welin, öýi, goş-golamlary bilen bilelikde asmana sowruldy. Kakasynyň dogany, ýarawsyzlygy zerarly köp wagt bäri daş-iç çykyp bilmän oturan Gurban hanam şol öýüň içindedi. Top okunyň bir gyýçagy onuň kellesini ýolup taşlady.

Galanyň içinde terslin-oňlyn, münder-münder, para-para bolup ýatan maslyklaryň sany gitdigiçe köpeldi. Çünki, hüjümden öň diňe birinji kolonnanyň toplary işlän bolsa, indi olara ikinji kolonnnanyň toplaram goşuldy. Şonuň üçinem, soňabaka meýitleri deňli-derejeli jaýlamag-a däl, hatda, aýatsyz-gurhansyz, kepensiz, şo duruşlaryna ýere duwlamaga-da ýetişmediler we bir ýere üýşürmäne başladylar. Dürli sebäplere görä ýygnalman, ýatan-ýatan ýerlerinde galanlarynňam hetdi hasaby ýok. Şondan başga çykalganyň ýokdugyna düşündilermi, nämemi, gyz bolsun, garry bolsun, ýaş bolsun, o ýan, bu ýan elewreşmelerini, gyk-baklaryny goýdular-da, goraýjylara kömek bermek üçin diwarlaryň düýbüne üýşdiler. Ganly göwrelerini ýerden göteribilmän, damaklaryny harladyşyp, agyzlaryndan gyzyl gan gatyşykly ak köpük saçyşyp, iňňildeşip ýatan ýaralylara kömek etdiler. Iň bolmanda süýrekläp kölegä eltdiler, dodaklaryna suw çaldylar, köýneklerinden ýyrtyp alyp ýaralaryny daňdylar. Olaryň arasynda Baýramgül tebip bilen Enehakyda hem bar. Ýöne, olarda-da bu wagt däri-derman ýok. Bolanjasynam bir wagtlar sarp edip gutardylar. Üstesine-de bu iş bilen has irräkden bäri meşgul bolup ýörendikleri üçin uçursyz ýadadylar. Şeýle-de bolsa, ol wagt dynç almak hiç kimiň ýadyna düşenok. Enehakyda ýeke-ýeke baryp:

–Gaýrat ediň, jan doganlar, çydaň. Çydaýmasaňyz başga alaç ýok – diýip, ýaralylara göwünlik berýär.

Howwa, şol wagt hakykatdan-da şondan başga alaç ýok. Bar zat düşen ýaranyň derejesine, ýaralynyň bedeniniň berkligine ýa gowşaklygyna bagly.

Toplaryň «gümmürdisinden» soň hüjüme ugran soldatlar bir demde galanyň düýbüne ýetdiler we özlerini mergenler tarapyndan taşlanyp gidilen giň hem çukur garymyň içine atdylar. Ondanam ýüzleriniň ugruna çykdylar we naýzalaryny pagsa diwarlara direşip, biri-birlerine söýget berşip, gala dyrmaşmaga başladylar. Diwarlaryň üstündäki ýigitler olary gylyç syryp garşy aldylar. Depelerinden ok bilen çüýlediler. Soldatlaryň käbirleri çiňarkan gaýdyp, ýap-ýaňyja-da uly umytlar bilen çykan garymlarynyň içine bir halta çig et ýaly gülçüldeşip düşseler, käbirleri diwaryň ýüzüni dyrnaçaklaşyp aşaklygyna syrykdylar.

Her niçik hem bolsa olaryň käbirlerine diwaryň üstüne çykmak başartdy. Olar gyssagara şu zatlary görmäge ýetişdiler: Galanyň iç tarapynda hem edil daşyndaky ýaly bir garym bolup, ol galanyň içine akyp gelýän çeşmäniň suwundan püre-pür doly. Şol garym bilen ugurdaş, başdanaýaga birgiden düýeler hatara çökerilgi. Ondan aňyrda ýene bir garym we ýene-de bir diwar bar. Ondan soň küşt mallarynyň ýerleşiş tertibinde oturan akly-garaly, ululy-kiçili öýler görünýär. Aňyrsy ýaýylyp ýatan giň meýdan. Ähli ilat mal-garasy bilen şol ýere ýygnanypdyr. Ýykylanu-ýykylmadyk öýlerden, zir-zöwran bolşup ýören adamlardan, molaşýan sygyrlardan, kişňeşýän atlardan, çalamydar çatmalardan, üstünden ok düşüp çepbesine çöwrülen tümlerden, leýs bolup ýatan adam jesetlerinden ýaňa şol giň meýdanyň içinde aýak basara ýer ýok.

Diwara ilkinji bolup dyrmaşan soldat bir-ä depesinde bir zadyň edil, ýyldyrym çakan ýaly lowurdap gidenini bilýär, birem gözleriniň öňüniň garaňkyrap başlanyny bilýär. Şalkyldap gelip, garymyň içindäki läş bolup ýatan ýoldaşlarynyň arasyna düşenini welin bilenok.

Galanyň üstüne çykan soldatlaryň hemmesiniňem ykbaly şeýle boldy diýsek ýalňyş bolmaz. Ýigitler olaryň ýeke-ýekeden gylyçdan geçirdiler.

–Baryň, gören-eşidenleriňizi özüňiziňkilere habar beriň – diýşip, jesetlerini aşak okladylar.

Diňe ýagdaýyň howpludygyny duýup, çykyşlary ýaly özlerini diwardan yzyna oklan soldatlar ölümden aman gutuldylar.

Şeýle ýagdaý hüjüm edilen diwarlaryň ählisindede-de, şol bir görnüşde gaýtalandy. Galanyň daş ýüzünde gurnalan gara öýleri otlap bilmedik hälki soldatlaryň ellä golaýy ahmyrdan çykmak üçin şol öýlere tarap täzeden topuldylar. Özlerem bu gezek aýdym aýdyşyp, nyzam bilen zabt etdiler. Şol aýdymam olaryň köpüsi üçin iň soňky aýdym boldy. Aç arslanlar kimin arlaşyp gelýän türkmen ýigitleri özleri üçin iňňän amatly bolan garjaşma söweşine girdiler we uzaga çekmän olaryň tas, barysyny diýen ýaly gylyçdan geçirdiler.

Elli esgerden agsaklaşyp-towsaklaşyp bary-ýogy bäş-on sanysy yzlaryna gaüdyp bardylar.

Soldatlaryň hüjümi umuman, zabt edilýän diwarlaryň ähli ýerlerinde-de gowşady. Galany ýüzugra almak baradaky pikir soldatlaryň ählisiniň diýen ýaly aňynda düýbünden başgaça – bu sada halk öz ýurduny beýle aňsatlyk bilen çem gelene berip goýberäýjek däl-ow, diýen pikire öwrüldi. Tekeler ýeke bir goranmak bilen çäklenmän, eýsem hüjüme-de geçdiler. Soldatlaryň yza çekilýändiklerini görüp, olar hasam gylawlandylar we jygyldan giňden açylýan mähnet derwezelerden atylyşyp çykdylar, entek diwardan daşlaşyp ýetişmedik soldatlaryň yzlaryndan ýetip, daş-töwereklerini gabadylar. Ýene-de «garajşma» oýny başlandy. Galadan çoguşyp çykýan goraýjylaryň bolsa soňy görnenok.

Esgerleriň bu oýundan aman sypmajakdyklaryna gözi ýeten general Lomakin derhal yza çekilmek barada buýruk berdi. Buýruk göz-açyp ýumasy salymyň içinde dilden-dile geçip, bütin goşuna ýaýrady.

–Na-aza-a-at! Aza-a-at! Otstupae-em!

Howsalaly çykan bu sesler eýýämhaçan janlaryndan umytlaryny üzen soldatlaryň serine dirilik şemaly bolup çaýyldy. Ýaşaýyşa bolan umyt uçgunjyklaryny oýardy. Şonuň üçinem, olar bu sözi biri-birlerine söýünçli habar hökmünde uly dabara we bilniksiz şatlyk duýgusy bilen geçirdiler. Şeýle hem şol buýrugy beren adama müň mertebe minnetdar bolmak bilen yza çekildiler. Ýöne, assa-ýuwaş, söweş bilen, gaýduwsyz garşylyk görkezmek ýagdaýynda çekildiler. Käte yzlaryna dönük, söbüklerini sydyryp gelýän ýigitleri naýza bilen  sançsalar käte ellerindäki tüpeňleriniň gundagy bilen ýelmediler. Maý tapdyklaram sähelçe sägindiler-de, ýigitleriň gapak ýaly ýap-ýasy, watana bolan hyjuwdan doly döşlerinden tüpeňlediler we eýýämhaçan özlerinden arany açmana ýetişen ýoldaşlarynyň yzlaryndan ylgadylar.

Ýöne, kowgunçylaram olaryň yzlary bilen gury söltüldeşip geläýenoklar. Olaram ýetişibildiginden okam atýarlar, çapýarlaram, ellerine ilen zat bilen urýardylaram. Şonuň üçinem, ýitgi sanynyň artmagy bilen gaçyp barýanlaryň hatarlary seýrekledi, kowgunçylaryň sany bolsa, galadan gykuwlaşyp çykýanlaryň hasabyna gitdigiçe köpeldi. Çünki, Berdimyrat han bu wagt pursada garaşyp duran, garjaşmadan başga urşa ukypsyz bolan, elleri sowuk ýaragly ýigitleri hem hüjümçilere goşmaça güýç hökmünde iberipdi. Olar ýaraly ýa dem-düýtsiz ýatan soldatlary we türkmen ýigitlerini basmazlyk üçin üstlerinden böküşip, uçganaklaşyp baryşlaryna hä diýmän özleriniňkileriň yzlaryndan ýetdiler, olardanam ozup, gaça söweş edip barýan soldatlaryň saplaryna aralaşdylar we pyçaklaryny, syrygyň ujuna daňlan gyrkylyklaryny, maňňaldyr – keçgert oraklaryny ezberlik bilen işledip başladylar.

Soldatlaryň abat galanlary indi hiç hili garşylyk görkezmezden, ýaralylaryny, ölülerini taşlaşyp gaçdylar. Ölülerden-ä ses-üýn ýok welin, alagüpürdi bolşup barýan türkmen ýigitleriniň aýak tozlarynyň arasynda ýüzlerini çaňjardyşyp, ýerlerinden galybilmän ýatan ýa-da bagyrlary bilen süýşüşip, dyzlary bilen dyzanaklaşyp barýan ýarawly soldatlar eýýämhaçan allaowaralara ýeten ýoldaşlaryna tarap sesleriniň ýetdiginden gygyryşdylar, kömege çagyrdylar. Käbirleri bolsa özlerini galadan çykan ýeriňdäki çuň garymyň içine atdylar. Çünki, ol ýeri asuda. Maslykdan ýa çalajanlardan başga hiç kim ýok. her kim gaçha-kow bilen ber-başagaý.

Börmäniň batyr ýigitlerine baş bolup, bireýýämden bäri jeňiň orta gürpünde gylyjyny bir saga, bir sola salgap ýören Hanberdi han garymyň deňinden ep-esli geçenden soň, gaçyp barýan bir ofiseriň dolanyp özüne topulanyny gördi. Ofiser tüpeňiniň ujundaky naýzany Hanberdi hanyň edil, bokurdagyna gezedi. Ýöne, ýaş hanyňam gylyçly goly eýýäm howadady. Şonuň üçinem ol çeýe göwresine gelşip duran çaltlyk bilen bir gapdala sowuldy-da, göz açyp-ýumasy salymyň içinde gylyjyny ofiseriň boýnundan saldy. Tygy tene degendenem gylyjyny şeýle bir ussatlyk bilen özüne bakan dartdy welin, çypar kelle edil sapagyndan tänen sary erik ýaly «patlap» ýere gaçdy-da, «geläý indi senem» diýýän ýaly, henizem üstüne howala bolup duran göwrä tarap gözlerini ýyltyldadyp seretdi. Göwre bir pursatlykça yraň atyp durdy-da, birdenem herekete geldi. Entirekläp birnäçe ädim ýöredi. Elindäki naýzany öňe ülňedi. Soňam öwrülip gelip kelläniň üstüne, ýykyldy. Göwresine gowuşan sary kelle mawy gözlerini ymykly ýumdy. Şondan soý olaryň hiç birindenem hiç hili, gymyldy-hereket bolmady. Göwräniň aşagyndan syzyp, çykýan al gan topragyň ýüzi bilen onuň aýak ujuna tarap akyp ugrady.

Hanberdi han ondan ünsüni sowup ýetişmänkä, üç sany dagystanlynyň gylyç syryp, öz üstüne howala bolşup gelýändiklerini gördi. Olar bilen urşa girişenem şoldy welin, bir ýerden ýene-de iki sany soldat peýda boldy. Megerem, ofiserleriniň aryny almaklygy ýüreklerine düwen bolsalar gerek, şol wagt agzyny hatap ýaly açyp yzdan gelýän bir inçemik, uzyn boýly, iňňän ýaş görünýän başga bir soldatam olara goşuldy. Hanberdi han öz tenine tyg degirmän olaryň altysynam ýaralady. Altysam ganlaryny sarkdyryşyp gaçmak bilen boldular. Şondan soň togalak kelleli, ýeňsesi gassabyň çapgysy ýaly, her gezek dem alanda gönümel burnunyň ganatlary ýellenip gidýän başga bir dagystanly ýerden çykan dek duýdansyz geldi-de, gylyjyny göterip Hanberdi hanyň üstüne howala boldy. Hanberdi han bu gezegem çaltlyk bilen öwrüm etdi-de, ýokary galan eli aşak inmänkä duşmanyň kibtini kesip taşlady. Şol wagtam gaçyp barýan soldatlaryň biri onuň arkasyna aýlandy. Elindäki sapançasy bilen Hanberdi hanyň ýeňsesinden

atdy-da, hiç zat bolmadyk ýaly öňki ugruna tarap ylgady ötägitdi. Ok Hanberdi hanyň çep kebzesinden girdi. Ýöne, ol gyzgynyna özüni atan soldatyň yzyndan ýetip, gylyjynyň ujuny ýagyrnysyndan sançmaga üetişdi. Soldat iki elini göge serip yzyna dolandy. Entirekläp gelýän Hanberdi hanyň gujagyna doldy. Özünden gidip barýan Hanberdi hanyňam gollary onuň daşyna dolandy. Şol duruşlaryna-da ýykyldylar. Ýöne, olar beýdip uzak ýatmaly bolmadylar. Hanberdi hany ýigitleriniň üç-dört sanysy götergiläp gala alyp gitdiler.

Öýlerine eltenlerinde Hanberdi hanyň ýagdaýy eýýäm gowy däldi. Gözleri süzülip, gabaklary börtülip ugrapdy. Sesi haýallapdy. Geplemesi kynlaşypdy.

Bir ýerden Mämmedoraz tebibi derhal tapyp geldiler. Ol oňa em etmek bilen boldy. Şol ikiaralykda-da Hanberdi hany getiren ýigitlerden urşuň ýagdaýyny sorady. Duşmanyň gaçýandygyny eşidip begendi.

... Kowgy welin hakykatdan-da dowam edip gidip otyr. Duşmanyň lagerine golaýlaşýar.

Türkmenleriň ýeňiş gazanaýmagyndan ätiýaç eden Lomakin rezerwiň baştutanyny maýor Şaufusy ýanyna çagyrdy.

– Haýal etmän Şirwan batalýonyny hüjüme iberiň! Her edip, hesip edip duşmany yza serpikdiriň!..

«Ur-ra-a...» diýşip, bir gapdallaryndan çykan şirwanlylary hem ýigitler aranyň entek daşdygyna garamazdan gyzgyn gülleler bilen garşy aldylar. Öňi bilenem batalýonyň baýdak göterijisi öldürildi. Aýak astyna düşen baýdagy başga bir soldat ýerden galdyrdy. Ýaňy bir ylgap ugrady welin, türkmenler onam atyp öldürdiler. Şondan soň ýa-ha döwtalap tapylmady, ýa-da garabaşyna gaý bolup hiç kimiň eli ýetmedi, garaz, baýdak eýesiz galdy. Maýor Şaufusyň:

– Zna-amýa!.. Rebýata, znamýa-a!.. – diýen howsalaly sesem hiç kimiň gulagyna ilmedi. Ahyram onuň özi ylgap bardy-da, baýdagy eline aldy. Dabara bilen ýokary galdyrdy. Birdenem ýapyryldy-da, baýdagyny pasyrdadyp öňe ylgady. Bir demde diýen ýaly batalýonyň öňüne geçdi. Oňa çenlem türkmen ýigitleri bilen aralyk golaýlady. Ýigitleriň atýan oklarynyň biri baryp maýoryň döşünden girdi. Ol bir säginen ýaly etdi-de, ýene-de ýoluny dowam etdirdi. Entirekledi. Baýdagy elinde saklajak bolup dyrjaşdy. Durup-durup ýene-de ýöredi. Ahyram tapdan düşüp ýykyldy. Baýdak ýene-de ýere gaçdy.

Otrýadyň türkmenler bilen garjaşmagy netijesinde ýeňiş ýene-de ýigitleriň tarapyna geçdi. Duşman ýene-de ýeňse berdi. Şirwanlylary görüp öňki gaçyp barýan soldatlaram yzlaryna dönüpdiler. Emma soňky ýagdaý olary ýene-de öňki ugurlary bilen gaçmana mejbur etdi.

Şeýle gaýduwsyzlyk görkezip gurban bolan komandirlerini şirwanlylar jeň meýdanyndan alyp çykdylar.

Baýdak galdy. Oňa tekeler eýe çykdylar. Bu tutuş Merkezi Aziýa eden basybalyjykly ýörişleriniň bütin dowamynda patyşalyk goşunyň ilkinji gezek öz baýdagyny aldyryşydy.

Bary-ýogy on minuda golaý dowam eden şol çaknyşykda şirwan batalýony komandirleri bilen iki ofiseri hasap etmäniňde, öz urşujylarynyň segsendenem gowragyny ýitirdiler. Bu bolsa batalýonyň umumy sanynyň ýarysyndanam köp.

Türkmenleriň uly bolmadyk atly topary artilleriýa batereýasyna tarap hüjüm etdi. Ýöne, grenaderler top okuna tutmak bilen olary birsyhly yza serpikdirdiler durdular. Şonuň üçinem, galadan ep-esli bolup çykan türkmen atlylaryndan, batareýanyň golaýyna barýançalar sanaýmalyjasy galdy. Muňa garamazdan ýigitleriň birem yza dönmäne meýil etmedi. Gaýtam, her kim topçularyň ýanyna barjak bolup jan etdi. Käbir gözsüz batyrlara-ha ajalyň üstünden ötüp, şol arzyly ýere ýetmek başartdam. Ýöne, başda, pyýadalardan gaçyp baryp, indem demlerini dürsemäne ýetişen soldatlaryň bir bölegi toplanyşyp geldiler-de, daşlaryna aýlandylar we olaram okdan geçirdiler.

Şeýlelikde, artilleriýa hüjüm eden ýigitlerden birem gala dolanyp barmady.

Bu ýagdaý olary diwaryň üstünden synlap duran Berdimyrat hanyň gazabyny joşdurdy. Duşmana göz görkezesi geldi. Şol niýet bilen sekiz ýüz atlyny yzyna tirkäp galadan çykdy-da, toplaryň duran ýerine tarap, öňki atlylaryň giden ugry bilen at goýdy. Tutuş bir batalýonyň we iki topuň öz üstlerine üznüksizlik bilen ok ýagdyrýandyklaryna garamazdan olar batlaryny gowşatman ýollaryny dowam etdirdiler. Toplara golaýlaşdyklarysaýam at üstünden agyp gaýdýanlaryň, atlary bilen bilelikde tüwdürilip gidýänleriň, haltadan dökülýän jöwen däneleri deý pytraşyp topraga garylýanlaryň sany artdy. Bularyň ykbalyna-da öňki atly topar günüňe düşmek howpy abandy. Hä diýmänem ýigitleriň sany ýüze, soň ellä geldi. Iň soňky çykan «gümmürdi» bolsa ojagaz sanam ona golaýlatdy. Ana, şol on adam hem kiçijik tüweleý kimin tozan turzup bardy-da, toplary işledip duran artilleriýaçylaryň depesinde gylyçlaryny oýnadyşyp başladylar.

Depelerinden inýän ýalmawuz ýaly ýiti gylyçlaryň salýan ölüm howpy birbada aljyradan hem bolsa, topçular basym özlerini ele aldylar we gylyçlaryny syryşyp, naýzalaryny ülňeşip ýigitlere erjellik bilen garşylyk görkezdiler. Hä diýmänem olara kömege gelýänleriň sany artdy. Türkmen ýigitleriniň ýagdaýy ýaramazlaşdy. Berdimyrat hana agyr ýara düşdi. Ýigitler ony goraglap yza çekildiler. Emma täzeden ýaňlanan top sesi olaryňam barysyny ýere ýazdy. Üç-dört sany çalarak ýaralanan at ümdüzine tutdurdy. Ýöne, uzak gidibilmediler. Töwerekden ylgaşlaşyp gelýän soldatlar olary oka tutdular. Altyn ýally bir mele at bolsa snarýad ýarylandan «haýkyryp» çarpaýa galdy-da, «gürpüldäp» bir ýana ýykyldy. Ak sekilli toýnaklaryny titredip aýaklaryny kakdy. Tutuş göwresi bilen

silkindi. Ýerinden turjak bolup birnäçe gezek dyzady. Urundy. Ahyram usurgap ýanyny ýere berdi. Kellesini ýere goýdy. Burunlaryny ýellendirip: «par-par» etdirdi. Bokurdagy harlady. Uzyn sary dişleriniň arasyndan syzyp çykýan ak köpürjik gitdigisaýy ýellendi, çişdi, köpeldi, iki erninden akyp ýere döküldi. Agdar-düňder bolup duran gözleriniň şöhlesi ýitendenem, birki ýola tisgindi-de jan berdi.

Berdimyrat han aty bilen bilelikde ýykyldy. Artky sag aýagy harap bolan dor at birdenkä zeper ýetiräýmezlik üçin ýörite edýän ýaly agynap eýesinden ep-esli daşlaşdy. Tot-tozanyň batareýa tarapdandygyndan peýdalanyp, Berdimyrat han telpegini eline aldy-da, gala tarap bulaýlady.

Hanyň diridigine gözi ýeten ýigitleriň täze bir tapgyry galadan çykyp gaýtdy. Top we tüpeň oklaryna tutup, soldatlar olaryňam sanyny mazaly seýrekletdiler. Berdimyrat hanyň duşman eline düşmek howpy döredi.

Edil şol wagtam gum tarapdan Berdimyrat han üçinem, orslar üçinem garaşylmadyk ýagdaýda, otuz-kyrk sany atly peýda boldy. Toplarynyň nilleri özlerine tarap öwrülip ýetişmänkä-de olar gylyçlaryny dalawladyşyp geldiler-de, topçulary ýüzleriniň ugruna gylyçdan geçirdiler. Derrewem Berdimyrt hany bir boş ata ataryp gala sary depdiler.

Soldatlar ilk-ä olara tarap ok atdylar. Birnäçesini atdan agdardylar, birnäçesini bolsa ýaraladylar. Soňam yzyndan kowjak boldular. Emma ýigitler Berdimyrat hany alyp barýan topary öňe goýberdiler-de, özleri yza dönüp olar bilen urşa girdiler. Kem-kemdenem guma tarap çekildiler. Berdimyrat hany alyp barýan toparyň sag-aman gala girenini görübem urşy bes etdiler-de, at başyny guma tarap ymykly öwürdiler. Ilkinji gerişden aşyşlary ýalam gözýetimden asmana tarap bir akja kepderi göterildi.

Berdimyrat hany äkiden atly toparam haýal etmän galadan çykdy we ak kepderiniň oýnap ýören ugruna tarap rowana boldy.

Berdimyrat hanam Mämmetoraz tebibiň ýanyna eltdiler. Onuň halynyň agyrdygyny görüp, Gurbanmyrat işan, Kerimberdi işan, Hanmämmet atalyk we beýleki ekabyrlar gyssagara maslahatlaşyp, urşa ýolbaşçylyk etmekligi Orazmämmet hanyň üstüne ýüklediler.

Gurbanmyrat işan Biribardan Berdimyrat hanyň sagalmagyny diläp doga okady.

Duşmanyň ilkinji hüjüminiň yza serpikdirilmeginden gylaw alan Orazmämmet han ajal oklaryny çep ganatdan sowurýan dag toplarynyň üstüne hüjüm etmek barada buýruk berdi.

–Şolardan dynmasak bize gün ýok – diýip, ol maňlaý derini sag eliniň süýem barmagy bilen sylyp, gyzgyn topraga joralandyryp durşuna aýtdy. – Bar güýji şol tarapa gönükdiriň.

Şondan soň häliden bäri esasy güýji yza serpikdirip barýan ýigitler:

― Alla-a!..

― Alla-a!..

― Ur-ha!.. – diýşip, ýüzlerini çepden atýan artilleriýaçylara tarap öwürdiler.

Yzly-yzyna edilýän hüjümlerden, esasy güýjüň bolsa bütin front boýunça yza çekilip barşyndan howpurgan goşunbaşlygy çep ganatdaky toplaryň üstüne hüjüme geçen türkmenleriň garşysyna dragunlaryň täze toparyny iberdi. Raketa batereýasyna-da raketalaryny goýup, şolara goşulmaklygy buýurdy.

Türkmen ýigitlerine garanda sanlarynyň azdygyna garamazdan, at üstünde bek oturan dragunlar öňe tarap örän batyrgaýlyk bilen topuldylar. Atlaryny ýüzün salyp baryşlaryna ýigitleriň arasyna kürsäp girdiler. Ýöne, bular ýaly, «garjaşma» gezek gelende özlerini edil, öýlerinde ýaly arkaýyn duýýan türkmen ýigitleri olary egri gylyçlary, şeýle hem käbiriniň ujy gaňyrçakly, käbiriniňki göni çişli naýzalary bilen atdan agdarmaga, ýeke-ýeke sançmaga başladylar.

Dragunlardan biri örän erjel söweşdi. Onuň ýigitleri bir ujundan gyra-ýapa tutup barýanyny gören Garly gaýşak atyny debsiläp oňa golaý bardy. Çat maňlaýyna geçdi. Batyr dragun onuň ýüz-keşbine geň galýan ýaly çalaja ýylgyrdy. Onuň özüni başa-baş söweşe çagyrýandygyny aňandanam üzeňňä galaga-da, gylyjyny aýlap saldy. Dogabitdi çaşylygy zerarly islendik zada tüňňi burnunyň üstünden gyýalap garaýan hem bolsa Garly gaýşak söweş hünärlerini hiç kimden kem bilenok. Batyrlykda, edermenlikde hiç kimden kem oturanok. Ol häzirem eýmenmän dragunyň uran urgusyny özünden sowdy. Soň özi gylyç saldy. Emma dragun ondan ökde çykdy. Ol bir tär bilen çalasyn hereket etdi-de, gylyjy bilen Garly gaýşagyň ýüzüni edil etden et kesen ýaly sylyp aldy-da, bir gapdala üzüp taşlady. Kellesi ýüzsüz galan göwre at üstünde oturybilmedi. Elindäki gylyjyny birki ýola eýläk-beýläk ülňedi-de, usullyk bilen arkanlygyna gaýtdy, atyň syrty üzre syrylyp aşak düşdi. Ahalyň iň bir gany gyzgyn batyr ýigitleriniň biri bolan Garly gaýşak üçin Gökdepe söweşi tamam boldy.

Batyr draguny atdan agdarjak bolup beýleki ýigitlerem gaty kän dyrjaşdylar. Emma edibilen zatlary bolmady. Ol öz üstüne edilýän hüjümlerden her gezek ökdelik bilen sowuldy. Gylyjyny ussatlyk bilen işletdi.

Dragunlaryň başga biri kellesiniň gyzgynyna türkmenleriň has gür ýerine aralaşdy. Ýüzüniň ugruna bir ýigidiň gylyçly goluny kesip taşlady, biriniň yzyndan ýetip gylyjynyň ujuny iki kebzesiniň ortarasyndan sokdy, ýene biriniň çüwdesini

deşdi, gapyrgalaryny döwdi, başga biriniňem kellesini kesdi-de, ýere gaçmanka garbap aldy we eli gany sarkyp duran gara kelleli sag-aman yzyna dolanyp bardy.

Ýöne, üstünlik entegem türkmenleriň tarapyndady. Soldatlat ädimme-ädim yza süýşýärdiler. Egerde raketaçylar batereýasynyň urşujylary gelip ýetişmedik bolsadylar, onda dragunlaryň birem aman sypmazdy. Emma, gapdaldan gelen raketaçylaryň çalt hem uzaga atýan tüpeňlerinden çykýan oklar türkmen ýigitlerini sansyz ýitgilere sezewar etdi. Şondan soň ýagdaýyň büs-bütin başga tarapa öwrülmegine sebäp bolan esasy zadam, türkmenleriň üstünlik gazanan ýerlerinde ölen we ýaralanan soldatlaryň tüpeňlerini, oklaryny, göze ýaramly beýleki zatlaryny almaklyga güýmenip giň meýdana ýaýramaklary, arkaýynlaşmaklary, şonuň netijesinde bütewi bir güýç bolup hereket etmek ukyplaryny ýitirmekleri boldy. Mundan ors goşunynyň tejribeli komandirleri ussatlyk bilen peýdalandylar. Goşunyň ähli ganatlaryna garşylyklaýyn hüjüme geçmek barada buýruk berdiler. Rezerwdäki goşunlaryň iň soňkusyna çenli sürdüler. Netijede, türkmenler ýaňy bir aňyrsy görnüp ugran ýeňişli ýoly taşlap, gala çekilmek bilen boldular.

Tüýs, Görogly begiň: «Dünýäň agyp dönmesi bir pursatlykdyr» diýeni boldy. Ýap-ýaňyja-da duşmanyň söbügini sydyrdyp gelýän türkmenler indi ýeňse berip gaçyp barýarlar, ýap-ýaňy tüwdürilip gaçyp barýan soldatlar bolsa indi türkmenleri öňlerine salyp kowalap barýarlar. Ýöne, «garjaşma» ýol bermezlik üçin, aralygy saklaýarlar, türkmenler dursalar durýarlar, gaçsalar yzlarysüre gala girmek üçin kowgyny dowam etdirýärler, üstlerine topuljak bolsalaram edil çabga ýagan deý gür oka tutup, derhal yzlaryna dolanmaga mejbur edýärdiler.

Ine-de olar sözanda-guýruk bolşup gala golaýladylar. Ýigitleriň ýüz-gözlerini eňşedişip, duşmany yzlaryna tirkäp gelişlerini görmeklik, söweşi galanyň daş ýüzünden synlap duranlar üçinem galanyň içinde, derwezäniň iç ýüzünde dykyn alşyp duranlar üçinem kyýamat bilen ýüzbe-ýüz durmakdan enaýy bolmady. Ýagdaý şol gidişine gitse, ýene-de sanluja minutdan öňürt-ä ýigitler yzlary bilenem gylyçlaryny bulaýlaşyp, tüpeňlerini çoçjaşdyşyp gelýän soldatlar gala kürsäp girmelidiler. Bu hyýaly surat içindäki, köpüsi aýal-ebtatlardan,çagalardan, garrylardan ybarat mähelläniň ählisiniň aňynda, bir wagtyň özünde janlanan bolsa gerek, olar edil öňden dilleşip goýan ýaly bir ýere toplandylar-da, ullakan janly akyma öwrülip derwezäniň agzyna tarap yňdylar. Oňa çenlem ýigitleriň öň hatary ala-tozan turzup galanyň derwezesine golaýlaşdylar.

Aýallaryň gykylygy asmana göterildi.

— Waý, utançsyz bihaýalar! Nirä süssenekleşip gelýäňiz?

— Haý, namartlar diýsänim!.

— Waý, bigaýratlar!.

— Näme, biziň etegimize bukuljak bolýaňyzmy?

— Şolara ýal etjek bolsaňyz bizi bu ýere ýygnap nätjekdiňiz?

Özi ýaly bäş-üç ýaşuly bilen Diňlidepe tarapdan ýegdenekläp gelýän Gönübek sazanda hem galanyň içinde yzanda-çuwan bolşup ýören aýal-gyzlara, gojalara garap:

— Adamlar! Zenanlar! Allany çagyryp, barymyz bilelikde gerçeklerimiziň öňünden çykalyň! Olara kömek edeliň! Duşmany gala goýbermäliň! Ýa, Alla!.. Ýa Perwerdigär-ä!.. – diýip, gyryljak sesiniň ýetdigine görä gygyrdy-da, galanyň günbatar derwezesine tarap ylgaşlap ugrady. Galanyň bir ýerinde gyrmyldy bar bolsa şol tarapa eňdi. Soňabaka olara çagalaram goşuldylar.

Ak öýüň kölegesinde, agyr halda ýatan atasyna bolup geçýän ähli wakalary birin-birin gürrüň berip oturan Enehakyda hem köpçüligiň derwezä tarap yňanyny görüp, «zöwwe» ýerinden galdy. Atasyny bimaza etmezlik üçin:

— Ata, men häzir gelýän – diýdi-de, işiklerinde gazylan tümden çykan yzgar guma sanjylgy laý kepjäni garbap alyp, gojalardyr-aýallaryň barýan tarapyna ýöneldi. Ürken keýikler kimin bir çetde üşerilişip, näme etjeklerini bilmän duran, elleri synnydyr-keserli gyzlaryň deňine barandanam azajyk sägindi-de:

— Ýörüň, gyzlar, şolaryň eline düşenimizden-ä ölenimizem gowudyr – diýdi.

Gyzlar seslerini çykarman onuň yzyna düşdüler.

Çar tarapdan derwezä tarap yňyşyp gelýänleriň barysy birigip ägirt uly tolkuna öwrüldiler we öňdenem derwezäniň agzyny alyp duran aýal-gyzlara, gojalara goşuldylar. Gaçyp gelýän ýigitleriň biri öňündäkileriň üstaşyry olara gygyrdy.

–Aýrylyň! Gaçyň! Aňryk gaçyň! Aňyrlygyna gidiň!..

Ýene birem:

–Siz nirä sokjarylyşyp gelýäňiz? Ýa ajalyňyza howlugýaňyzmyy-y!. – diýip, gygyrdy. Başga-da ýumulyp-açylan agyz köp boldy, ýöne suwsapdyrlarmy, nämemi, köpüsiniň sesi içinden çykmady.

Mähelle welin saklanmady. Saklanmadam, saklatmadam. Gaýtam köpçüligiň içinden bir aýal maşgala gyňajyny başyndan sypyryp aldy-da, dyzaşyp gelýän ýigitlere tarap zyňdy.

–Haý, bisyratlar! Nirä gaçýaňyz? Alyň, ondan-a meň gyňajymy başyňyza oraýyň! Geliň, biziň arkamyzda bukulaýyň! Aýuw, gelinler, beriň şulara gyňajyňyzy, goý, orslardan ýaşynsynlar!

Edil şol wagt gelip ýeten Gönübek sazandanyňam gyryljak sesi eşidildi.

— Duruň! Duruň diýýän men size! Ol ýerde siziň aýallaryňyz, çagalaryňyz, ata-enelerimiňiz bar ahyry! Olary duşmana berip ýaşaljak ömür siziň nämäňize gerek!. – Ýigitler welin onuň bu sözüne batlarynam gowşatmadylar. Şondan soň

garry sazanda olary ýeke-ýekeden, eli bilen tutup saklajak boldy. – Aý, köşekler! Beýtmäň! Gaçmaň! Duşmany gala goýberiň!

Ýigitleriň yz ýany bilen soldatlaryňam «güpürdeşip» gala girenini gören Gönübek bu ýagdaýy doly ýeňliş hökmünde kabul etdi. Bu güni türkmençiligiň iň soňky güni, bar zadyň gutardygy, ýurduň elden gitdigi hasap etdi. «Ah» çekip aşak çökdi. Şol erewde-berewligiň arasynda iki dyzynam ýere urup, maňlaýyna ýumruklady, içegeleri «şarta-şarta» ýolnup, ýüregi çat açan ýaly içinde elhenç bir agyry peýda boldy. Ysgyny gaçdy. Damagy gurady. Şol oturşyna-da henizem galanyň içine girjek bolup dyzaýan ýigitlere garap bir zatlar diýjek boldy. Emma indi dili diýen etmedi. Içinden: «Häý, türkmen bagtyň ýatdy» diýmäne welin ýetişdi. Gözleriniň öňünde bolsa namyslaryny basgylamak üçin türkmen gyzlaryny, gelinlerini kowalaşyp ýören soldatlaryň bihaýa keşpleri peýda boldy. Hakydanyň ýiterinden howpurgady. Dutary aýak astynda, kirişsiz, gulaksyz, iň ýamanam sessiz, owazsyz göründi. Hemişe at üstünde boýunlary dik, başlaryny belent tutup oturýan ýigitleriň gollary bukawly aýaklary gandally, boýunlary kündeli, eginleri gysyk göründi.

Ol çök düşüp oturşyna dyzanaklap kybla öwrüldi. Gyssagara teýim etdi. «Ýa Alla! Ýa, Hudaý! Şu boljak masgaraçylyklary maňa bir görkezme! Amanadyňy al!..» diýip, pyşyrdady. Gözlerinden paýrap çykan ýaşyny gum bolan aýasy bilen süpürip, maňlaýyny ýere goýdy. Şol goýuşam goýşy boldy. Gaýdyp galmady. Dilegi kabul boldy. Amanat eýesine gowuşdy. Gören düýşi oraşan geldi. Enehakydanyň ýorgudy çyn bolup çykdy. Ýöne, onuň bu düşen ahwalatyny hiç kim aňmady. Çünki, ol wagt gana bulaşyp ýatan jeset, ýaradar adam bir ýa iki däl. Geňem däl. Ol bir häki, bolaýmaly bir zat ýaly.

Ýöne, Gönübek azajyk howlukdy. Duşmanyn bir ujy derwezeden girenem bolsa, gala giribilmedi. Daş-töwerege ýaýrap-ýaýramanka, derwezäniň öňünde ýaý berip duran mähelle olaryň daşyna halkalaýyn aýlandy-da, derrewem gysyp başlady. Galanyň dumly-duşundan sap-sap bolup gelýänleriň hasabyna halka has galňady. Arka atdy. Duşmany ýigitler bilen bilelikde yza tarap leňňerledip ugrady.

Mahlasy, mähelleden ýaňa indi gala girere maý galmady. Giden bir meýdan zynç. Edil, tikeç urlan ýaly. Tüýs, «alma atsaň ýere düşjek däl», diýleni. Gaçyp gelýän ýigitler bilen kowup gelýän soldatlar soňabaka şeýle bir garjaşdylar welin, gol boýna salşyp, biri-birleriniň ýüzlerine jüýjürilişip durlar. Uruşmakdan geçen aýrylyşybilmän heläk. Mähelle bolsa gysyp alyp barýar. Ümzügem daşaryk. Ahyram olaryň yhlasy ýerine düşdi. Soldatlaryň arka tarapy ýukalyp başlady. Diýmek, gaçha-gaçlyk başlandy. Yzky hatary gowşan soldat öwrülip gaçmak bilen boldy. Köpçülik bolsa henizem olary özüniňkiler bilen bilelikde gysyp gidip otyr.

Topsuz, tüpeňsiz, diňe gara güýjüňe bagly bolan tutluşykda her biri telim duşmana taý gelibilýän, ozalam ölümden däl-de, okdan gaçyp, tutluşman ölmäni özlerine namys bilip gelýän türkmen ýigitleri başlaryndan agyr masgaraçylygyň sowlandygyna müňde bir şükür edip, täzeden döwüşe girdiler. Ellerinde hiç zady bolmadyklaram penjelerini ýaýyp çagyrylmadyk duşmanlaryň üstlerine topuldylar, hekirtmeklerinden, ýapyşdylar.

Dünýe ýene-de bir gezek agyp döndi. Pelek ýene-de bir gezek eýlesine aýlandy. Bar zat ýene-de çepbesine çöwrüldi. Bir dem mundan öňem Ahalyň buýsançly galasyna girmekligi höwesläp, ýigitleriň derçiräp duran ýasy ýeňselerinden höwes bilen çüýleşip gelýän soldatlar şu günüň içinde indi ikinji gezek yzlaryna gaçdylar. Häliden bäri ýeňselerinde ýaňlanyp, ýigitleriň bizar-peteňini çykaran «Ur-ra-a...» sesleri indi düýbünden ýatdy-da, diňe: «Alla-a!.. «Alla-a!.. diýýän sesler eşidildi. Oňa çenli öz saplaryndaky duşmanlary yza serpikdiren Orazmämmet han, Gulbatyr serdar, Hanmämmet atalak dagam at segredip ýetip geldiler. Olar bilen bile gelen ýigitlerler bolsa, gaçyp barýan duşmanyň gapdalyndan hüjüm etdiler. Orazmämmet han eýeriň üstünde oturan ýerinden gylyjyny bulaýlap:

–Uruň, ýigitler! Alla bizdendir! – diýip, ýigitleri urşa ruhlandyrdy. Aýal-ebtatlara, çagalara, garrylara yza dolanmagy, gala girmekligi buýurdy.

Garrylar ýerine ýetirselerem onuň o diýenine hut öz göreldeleriniň netijesinde ýüz beren ýeňşiň höwesinden ruhlanan ýaş gelinler, gyzlar, aýallar gulak asmadylar. Asla asmagam islemediler. Olar indi özleriniňem ýigitler bilen bir hatarda durup urşup biljekdiklerini, ýeňşe-de şolar bilen deň-derejede öz goşantlaryny goşup biljekdiklerini bildiler. Şonuň üçinem, gulak asmag-a däl, gaýtam şol buýrugy berendigi, «Gyzlar, gelinler! Gaýrat ediň! Sizem biziň bir golumyzsyňyz! Uruň duşmanlary tä, ýurtdan çykyp gidýänçäler!» diýmändigi üçin Orazmämmet handan gaty gördüler.

Edil şol wagtam diwaryň üstünde Gurbanmyrat işan peýda boldy we batly ses bilen Kuran okamaga durdy. Soň oňa Kerimberdi işanam goşuldy.

Howwa, üstünlik şeýdip ýene-de türkmenleriň tarapyna geçdi. Urşuň hereketem, söweşiň ugram, manysam üýtgemedi. Soldatlar bu gezek öňküleri ýaly gaça uruşam etmediler-de, duran tutular, gaçan gutular» edip, sözanda-guýruk bolşup gaçdylar.

Çepekli aýagy gan-gabarçak bolan Aleksandr Iwaşow hem şol gaçýanlaryň arasynda. O-da ýoldaşlary ýaly şu ýoly indi şu günüň içinde ikinji gezek geçýär. Hudaý halap ol heniize çenli hatda gyltyzragam ýaralanmady. Ýöne, özüniň atyp öldüreni, ýaralany näçe, o-da belli däl. Dagy näme? Bir mäşäni gysyp goýbereňsoň baryp kime degdi, kimi ýaralady, ol ok gelip saňa hasabat berenok. Nyşana bolsa

ýer gurtlan ýaly. Atyp bilseň sowa geçjek gümany ýok. Galanyň içinde we daşynda münder-münder bolup ýatan maslyklar muňa şaýat. Iwaşowam tekeleri öldürmäge döwtalap bolmasa-da, tüpeňini asmana-ha ataýanok. Oňa onuň hakam ýok. sebäbi ol soldat. Ak patyşanyň hemişelik hereket edýän goşunynyň hatardaky esgeri. Ol buýruga boýun bolaýmaly. Buýrugy ýerine ýetiräýmeli. Ýukaýüreklilige bolsa uruşda rugsat berilmeýär, ýukaýürekliler halanmaýar. Üstesine bu wagt onuň ýoldaky ýaly pikir öwürmäge, ölçerip dökmäge wagtam ýok. Galyberse-de maňlaýyňa tüpeň çenäp duran ýa gylyjyny depäýden inderip gelýän adama: «Dur, gardaş, düşünişeli şular bilen gelenem bolsam meniň niýetim erbet däl», diýip bolanok. Diýäýeniňde-de diňlenmejekdigi görnüp dur. Asla ol akly ýerindäki adamyň şol ýagdaýda aýtjak sözem däl. O wagt her kim öz janyny gutarmaly. Komandir tarapyndan: «Ine, duşman şu, şuny ýok etmeli», diýlip buýruk berildimi ataýmaly. Öldüraýmeli. Şony etmeseň sen gorkak. Dönük! Satlyk! Ýedi puştuňa çenli ysnat getiren adam. Onda seni özüňkileriň tama söýäp ataýmaklaram, harby tribunala tabşyraýmaklaram mümkin.

Ýykylyp-sürşüp, kä ýerde omadaklap barýan Iwaşow ed-dil çüwdesine degen güýçli urgudan ýaňa sakga-saklandy-da, dim-dik boldy. Soňam diň-gögüne garap yzyna öwrüldi. Ellerini serip howany sermeledi. Öz öňünde eli gitara meňzeş bir zatly galgap duran gara göwräni saýgarjak bolup gözlerini petreýdi. Ýöne, ýüzi kessir degen ikinji urgy oňa ol garanyň özüniňem, onuň elindäki guralyňam nämedigini, kimdigini seljermäge maý bermedi. Az mahal yraň atyp duransoň ol ullakan mawy gözlerini çaşardyp, aşak çökdi, hurmaýy gyzyl saçlary buýr-bulaşyk, ýarysy gana boýalan ullakan kellesini öňünde elilaý kepjeli duran sarymeňiz, owadan gyzyň gyrmyzy köwüşli aýaklarynyň arasyna goýdy.

Enehakyda onuň üstünden ätläp geçdi-de, elindäki kepjesini duşundan höküdikläp barýan başga bir soldatyň ýagyrnysyndan indermek üçin ýokary göterdi. Şol wagtam beýleräkde ýatan bir ýaraly soldat oňa tüpeňini gezedi. Emma atyp ýetişmedi. Gala tarapdan alakjap gelýän ak köýneklije, başy köneje tahýaly, on-on iki ýaşlaryndaky oglanjyk özüni onuň üstüne zyňdy. Elindäki sapy döwük posly demreni ýokary göterdi. Birdenem ýaralynyň ysgyndan gidip, tüpeňini ýere gaçyranyny gördi-de, demreni taşlap şoňa ýapyşdy. Nädip ulanjagyny bilmän eýlesine-beýlesine seredip durka-da, geçip barýan ýigitleriň biri: «Getir bärik» diýip, elinden kakyp aldy-da, öz ugruna gidiberdi.

Oglanjyk ýene-de öňküje gök demrene ýapyşdy. Ýene-de ýarala çenendi. Emma ýaragsyz galan, üstesine-de ysgyndan giden ýarala tyg çekmäge dözmedi. Şol wagtam onuň üstüne kölege düşdi. Seretse, nätanyş eşikli äpet bir göwre abanyp gelýär. Ullakan gyzyl ýüz, pişigiňki ýaly, tegelek mawy göz, sallanyşyp duran sary murt, şol murtuň aşagyndaky jaýryk-jaýryk çal dodak, maşşyk burun

oglanjygyň gözüne iňňän gorkunç bolup göründi. Onuň ýene bir görüp ýetişen zady gök dyrnakly barmaklaryny öz bokurdagyna tarap ýaýyp gelýän goşa penje. Oglanjyk şol wagt şol penjäniň arka ýüzündäki sary gyllaryň düýbünde bulduraşypjyk duran der damjalaryna çenli gördi. Ol göwräniň ýüz-gözüniňem, elleriniňem öz obasynyň adamlarynyňka meňzemeýändigi üçin ol gyssagara: «Beh, ors diýilýänleri şumyka» diýip, öz ýanyndan oýlandy. Şol penjäniň öz janyny almana gelýändigi aňyna dolandanam, çirkin gygyrdy-da, elindäki demreni onuň gasygyndan sokdy. Bilip etdi ýa bilmän etdimi, gözlerini ýumup demreni birki ýola ýokarylygyna silkdi. Göwreden şonça-da «hyrkyldy» eşidildi. Demren sogrulandanam emaý bilen oglanjygyň üstüne gaýtdy.

Akja köýnegi kesekiniň gyrmyzy ganyna boýalan oglanjyk «hyk-çok» edip, hernäçe dyzasa-da, çepiksije göwresini henizem «hyrkyldap» ýatan çalajan, mähnet göwräniň aşagyndan çekip çykaryp bilmedi. Ony ol agyr labyrdan henizem galadan çoguşyp çykyp gelýän aýallaryň täze tapgyrynyň iň öňdäkisi halas etdi. Ol aýal:

— Bar, owarra bol, gala garşy – diýip, onuň otyrýeriniň ýumşajyk ýerine aýasy bilen çalarak kakdy-da, özi ýigitleriň gidip barýan ugurlaryna bakan ylgady. Oglanjyk welin gala gitmedi. Ýaş birgediňki ýaly ýesirlik bilen oýnaýan gözjagazlaryny daş-töweregine eserdeň aýlap hälki, Enehakyda tüpeň çenän, soňam ysgyndan gidip ýaragyny elinden gaçyran ýaralyny gözledi. Pyçagyny berk gysymlap ýanyna bardy. Onuňam eýýäm gymyldy-hereketsiz, gözlerini gyrpman ýatandygyny görüp gapdalyndan aýryldy we gana boýalan gök demrenini bulaýlap, henizem iki tarapyndan zowwam geçýän mähellä goşuldy.

Özüni ölümden halas eden şol oglanjygyň başyna düşen ahwalatlardan Enehakyda bihabar galdy. Asla ol onuň özüni ölümden halas edeninem bilenok. Onuň henizem öň hatarlaryň biri bilen kepjesini bulaýlap duşmanyň söbügine düşüp barşy.

Daş-töwerekdäki leýs bolup ýatan adam jesetleriniň galanyň içindäkilerden köp bolaýmasa az däldiklerini görüp, aýallar içlerini çekişdiler. Ýigitleriň ýöne ýere gala tarap tutdurmandyklaryna-da düşündiler.

Ähli güýjüň bir ýere jem bolup, ýeňşiň äşgärdigine ymykly göz ýetirenlerinden soň ekabyrlar maý tapyp, aýallara, ýetginjeklere, gala dolanmak barada ýene bir gezek görkezme berdiler.

Ýöne, ýaralylary ýygnaşmak, ok-ýarag çöpleşmek, umuman, gol kömegini bermek bahanasy bilen, olar bu gezegem jeň meýdanyny taşlamakdan ýüz dönderdiler. Has agyzlyraklary bolsa tumşuklaryny dik ýokary tutup:

–Biz galadan buýruk bilen çykamyzak, buýruk bilen girer ýaly. Ýüreklerimiziň emri bilen çykdyk, şoň emri bilenem gireris – diýdiler.

–Näme indi ýow gaýtarylyp, apyla-sapyla sowlandan soň biz gerek däl boldukmy – diýip, degişme äheňinde kinaýaly geplänlerem boldy.

Şondan soň olara iň bolmanda mundan beýläk süýşmezlik, gala ýaralylary daşamaklyk, olara kömek etmeklik tabşyryldy.

Kowgy bolsa henizem dowam edip gidip otyr. O ýere, bu ýere dürli tabşyryklar bilen iberilen atlylaryňam tabşyrygy ýerine ýetirip, gaýdyp gelmekleri bilen kowgunçylaryň göwünleri hasam göterildi. Şol atlylara tarap rezerwde duran soldatlaryň bir otrýady hüjüm etdi, ýöne, olar basym yza çekilmeli boldular.

Gelenleri bäri berk tertip-düzgün nyzam bilen agzybirlikde, hereket edip gelýän goşunyň saly indi ähli saplarda-da gowşady. Top atyp, galanyň içindäki bigünä adamlary gyrgyna beren, ellerinde ýalaňaç gylyçlaryndan başga hiç zady bolmadyk müňlerçe ýigitleriň başyna ýeten artilleriýaçylaram indi öz pozisiýalaryny taşlaşyp, yza çekilmek bilen boldular. Atly ýigitler olara ýene-de hüjüm etdiler, ýöne pyýada atyjylar olary berk goradylar, ýigitleri golaýa goýbermediler. Artilleriýany goramak bilen olaryň özlerem kem-kemden yza süýşdiler.

Egerde, türkmenler ýadap halys tapdan düşmedik bolsadylar, ýa-da bu gezegem öňküleri ýaly soldatlaryň taşlap giden okdur-ýaraglaryny çöplemek üçin güýmenmedik bolsadylar, onda olaryň gaçgaklary tä iň soňkusyna çenli gyryp gutaraýmaklaram ahmaldy. Emma, ine, hut şol zatlar sebäpli, duşmanyň pozisiýasyna ýetýänçäler, olaryň sany başda müňlerçe bolanlygyndan onlarça adama çenli azaldy. Sada halk ertirki gün üçin ýygnaýan okdur-ýaraglaryny şu günki gün ýok ediljek bir duşmandan ýa-da gazanyljak ýeňişden bähbitli saýýan şekilli göründi.

Günüň gyzar ikindi bolup, agşamyň golaýlaşmagy bilen, kowgy bütinleý bes edildi.

Patyşa hökümediniň goşunlary galadan iki werst demirgazyk-günbatarda ýerleşýän haraza tarap çekildi we ene ýabyň gyrasynda düşledi.

Olaryň ýagdaýlary agyr. Ýaralananlar köp. Görnüp duran esasy zadam gelenlerindäki keýpleriniň, belent ruhlarynyň ýoklugy. Ýolboýy atlary äsgermezçilik bilen tutulan tekelere indi olaryň köpüsinde hormat goýmak duýgusy döredi.

Galanyň daş ýüzündäki garymyň içinde baky uka giden, ýolboýam tekeler barada badyhowa gürrüňleri bilen ýoldaşlarynyň ýüreklerine düşen Çurkiniň häzirki ýagdaýda näme diýjekdigi belli däl, dyzmajrak kazaklaryň içinde henizem gala tarap ýumruklaryny çenäp:

– E-eý, nälet siňen tentek teke! Ertire bir çykalyň bakaly, gözüň nämeler görerkä! Baý, dyza çökersiň-ä! Çökmejek ýalysyň welin, baý, çökersiň-ä! Edil,

warryk düýäň çöküşi ýaly çökersiň! Özüňem gözüňden ýaşlar döküp ýalbararsyň, ýöne giç bor!.. – diýýänleri az däl.

Endam-jany ak hasa bilen saralgy başga biri bolsa, zemmeriň üstünde arkan düşüp ýatan ýerinden gözlerine ýaş aýlap, gapdalyndakylara pent edýär.

– Doganjyklar! Men-ä indi ertire ýa çykaryn, ýa çykman, çykaýsamam urşa-ha ýaraman, ýöne siz şolary şeýle bir uruň, şeýle bir gyryň, tä, kyýamat ahyra çenli ýatlaryndan çykmasyn! Çagajyklaryna çenli aýamaň! Gördüňiz-ä ýaňy bir kempir bilen boý gyzyň generalyň ýüzüne bakyp aýdyp duran sözlerini... Goý, ol heleýler mundan buýana olar ýaly berebekgeý bedähetleri dogurmasynlar! Porsy balaklaryny bulaşyp erkeklerden galman ýörüşlerinem gördüäiz-ä!.. Aýamaň! Birinem aýamaň! Hiç haýsynam aýamaň!

Telim gün bäri süýnen sütünleriniň süýeklerini ýerden göteribilmän ýadawlykdan ýaňa usurgaşyp, dert çekişip ýatan soldatlaryň arasynda olara gulak asýanam bar, asmaýanam, jogap berýänem bar, bermeýänem. Olaryň bar aladasy bu wagt ýatyp ýanlaryny ýere bermek. Dynç almak. Ertire çykylansoň näme boljagyny, hudaý bilsin.

Ýöne, sesini çykarmaýanlaryňam içleriniň dertden ýaňa dagy-düwündigi, galany ýüzugra almak baradaky arzuw-hyýallarynyň puç bolandygy üçin öz ýanlaryndan ezýet çekýändikleri, namys oduna örtenýändigikleri bildirip dur. Olaryň biri ep-esli wagtlap başyny büräp, düwdek bolup ýatýar, birdenem düşegine ot düşen ýaly «zöwläp» ýerinden galýarlar-da:

 Masgara bolduk! It masgarasy bolduk! Eşitýäňizmi, doganjyklar, masgara bolduk! – diýip, gygyrýar. Jibrinýär. Ýerine geçip düwdek bolup ýatýar-da, az salymdan soň ýene-de şol hereketlerini gaýtalaýar. Arasynda ulyili bilen möňňürip aglaýan wagtlaram bar.

Şonuň ýaly jibrinýänleriň ahmyrly sesleri ondan-mundan başga-da eşidilmän duranok. Ýöne, şol uly goşunyň içinde parahat oturan, harby taýdan taýýarlyksyz, uruş enjamlary, döwlet serenjamy, hemişelik hereket edýän düzgün-nyzamly goşuny bolmadyk sada halkyň üstüne hiç bir sebäpsiz, diýdimzorluk bilen dökülendikleri, olary gyrgyna berendikleri, ýarym günüň içinde kimi atasyndan, kimi enesinden, kimsäni çagasyndan, söwer ýaryndan, kimleri tutuş maşgalasyndan tohum-tijinden aýyrandyklary, nijembir adamlaryň bolsa ojaklaryny ömürlik öçürip, öz atlaryny adamzat taryhyna, türkmen halkynyň hakydasyna gara harplar bilen ýazandyklary üçin jibrinýän, eden işine ökünýän, ahmyr edýän ýekeje adamam ýok. Olaryň ählisiniň dertleriniň başy – Onuň Aly hezretleri Hökümdar Imperatoryň öz öňlerinde goýan borçlaryny hut şu günüň özünde ýerine ýetirip bilmeýändikleri, şeýle ýeňil hasap edilen ýeňşiň özlerine

şeýle agyr düşendigi, onuň ertire goýlandygy. Ýönekeý soldatdan başlap tä, goşun ýolbaşçylaryna çenli bizok edýän zat ana şol!

Uzynly gün üstünde gan dökülip döwnelen jeň meýdany welin bu wagt edil sowlan bazar ýaly. Gum-gukluk. Agşamyň düşmegi, howanyň garaňkyramagy bilen meýitden doly meýdan hasam eýmenç görnüşe eýe boldy. Köp garaşdyran adaja, salkynjak öwüsgin diri galanlaryň burunlaryna gatan ganyň, sowan bedeniň, ýympyk, ýakymsyz ysyny getirdi.

Demlerini dürsemek üçin dyz epen, biri-birleri bilen gümür-ýamyr edişip oturan iki-ýeke adamlaryň ýa-da yzlaryna dolanyp gala tarap barýan ýigitleriň argyn göwreleri agşamyň ümüş-tamyşlygynda edil, düýşdäki ýaly gara sudur bolup görünýär. Diňe daş-töwerekdäki terslin-oňlyn, biri-birlerine kaklyşyp ýatan maslyklar bu görünýän zatlaryň düýş däl-de, hakykatdygyndan habar berýär.

Alahasyrdy bolşup, öli ýatan soldatlaryň goltuklaryny, jübülerini sermeleşdirip, eşiklerini sypyryşdyryp ýörenler henizem onda-munda käte bir salgym atyp gidýar. Ölüleriň, ýaralylaryň arasyndan öz söýerlerini gözlemek üçin, sallam-sajak bolşup galadan çykyp gelýänleriňem, ýitiklerini tapyp gala tarap itenek-de-çomanak äkidip barýanlaryňam hetdi hasaby ýok. Ölüleriň arasynda aglaşyp-eňreşip ýören aýallar öňlerinden çykan urşujylaryň alkymlaryna dykylşyp, ýüz;erine-de içgin-içgin çiňerilişýärler-de: «Waý, dogan senmisiň bi? Sag-aman sypdyňmy beladan? Gözüň aýdyň» diýşip, ýene-de öz gözleglerini dowam etdiriberýärler. Käte bolsa ýaňky ýaly içinde hiç hili dabara duýgusy bolmadyk guraksy gutlag sözlerinden soň, gözlerine ýaş aýlap duruşlaryna bokurdaklaryny dolduryşyp: «Biziňkilerden göreniňiz ýokmy?» diýşip, deluryşýarlar. Käte-de özleri ýaly ýitik gözläp, maslyklary agdar-düňder edişip ýörenleriň ýanyna barýalar-da, kynlyk bilen ýuwduna-ýuwduna: «Siziňk-ä jan dogan ho-onha, hojagaz ýerde çile ýaplanyp ýatyr» diýýärler. Şeýdip ýörüşlerine birdenem tanyş bir jesediň üstünden barýarlar-da: «Waý-waý-waý!.. bu bende-de beýle bolaýypdyr-ow! Hossarlaram-a gitdi muň. Birem galmady. Jesedini ýygnara adamam-a ýokdur» diýşip ýakalaryny tutýarlar, içlerine tüýkürişýärler, aglaşýarlar, soňam öz gözleglerini soňa goýup «hyk-da-çok» bolşup, hossarsyz galan jesedi gala tarap süýrekleşip ugraýarlar. Köplenjem iki ýana zowzullaşyp ýören erkekler ylgaşlaşyp gelýärler-de beýle agyr hem ýuwuz ýüki olaryň ellerinden alýarlar. Beýdip heläk bolup ýörmezligi, ertir ýörite toparlar döredilip, ähli jesetleriň ýygnaljakdygyny, jaýlanjakdygyny aýdýarlar. Aýallar bolsa gözýaşlaryny gyňaçlarynyň ujy bilen sylyp duruşlaryna: «Wah, jan doganlar, ertire çenli takat edip bolýamy? Ýalazy meýdanda kim bilýär, it-guş degjekmi, şagal-tilki iýjekmi, Hudaý saklasyn», diýşip, öňküdenem beter aglaşýarlar

Şol hili hereketler gijesi bilen ýatmady. Iki-ýeke garyma düşüp çöp-çalama, guma kesege duwlanyp ýa-da soldatlaryň maslyklarynyň aşagynda baslygyp galanlary bolaýmasa, wepat bolanlaryň barysy diýen ýaly gala ýygnaldy. Olary jaýlamak meselesi ertire goýuldy. Meýdanda diňe soldatlaryň jesetleri galdy.

Gönübek sazandanyň jesedi bolsa Gün ýaşmazyndan öň duşmanyň çekilip başlan pursatynyň yz ýany ýygnaldy. Ony söweş meýdanyndan ýaralylary gala daşaýan aýallaryň biri gördi. Hiç ýerinde ýara yzynyň ýokdugyndan çen tutup, adamlar bolan işe gepsiz-gürrüňsiz göz ýetirdiler. Götergiläp maşgalasynyň arasyna eltdiler.

Ertir wepat bolanlaryň galan-gaçanlarynam ýygnap, hemmesini musulmançylyk düzgünleri boýunça jaýlamak barada toparlar döredip, olara degişli görkezmeleri berenden soň, Orazmämmet han agyr halda ýatan Berdimyrat hanyň halyny soramak üçin, Diňlidepä tarap ugrady.

Depäniň düýbünde uzak bolmadyk aralykda gurlan alty ganatly ak öýüň içinde, gat-gat ýazylan däşekçeleriň üstünde öz derdini özi çekip, sessiz-üýnsiz ýatan Berdimyrat hanyň ýanynda Gurbanmyrat işan, Kerimberdi işan, Hanmämmet atalyk, Gulbatyr serdar, Mämmedoraz tebip dagylaram bar ekenler. Orazmämmet han baryp Gurbanmyrat işanyň çep gapdalynda oturdy. Çalaja baş atyp oturanlar bilen ýeke-ýeke üm alyşdy. Her kim dert-azar hanyň şu günki görkezen gahrymançylygyndan söz açjak, göwnüni göterjek, hassa halyna teselli berjek, ýöne, Mämmedoraz tebip başda onuň ýanynda köp gürlemezligi gaty geplemezligi, hususan-da, inçe duýgularyny gozgap, ýüregini terpendirip biläýjek sözleri aýtmazlygy haýyş eden ekeni.

Şeýle-de bolsa, Orazmämmet han gelenden soň Gurbanmyrat işan uludan demini aldy-da, usullyk bilen:

–Wah, özi özüni oda urmaly däldi welin... Köneler: «Müň işçiden bir başçy» diýipdirler-ä. Esasy halka baş gereg-ä... Biz bar zatdan öňürti başymyzy goramal-a... – diýdi.

Orazmämmet han birbada dolmuş ýüzüne görk berip duran, ýaş gyzyňky ýaly ter hem narynç ýaňaklaryny taýly gezek «tirpildedip» başyny çalarak atmak bilen oňdy. Esli wagtdan soňam ýuwaşlyk bilen:

– Ýagşylaşýamy özi? – diýip, oturanlaryň içinden gözi bilen Mämmedoraz tebibi gözledi. Gözi-gözüne kaklyşandanam: ─ Däri-derman täsir edýämi özi? – diýdi.

─ Erbet däl... Gowy... – diýip, tebip oturan ýerinden öňe omzady – Şu gün Baýramgülem özünde bar bolan dermanlyk otlardan ep-eslisini getirdi. başga-da kömek edip duran köp.

Gürrüňe Kerimberdi işanam goşuldy.

— Garaz, gaýrat ediň-dä, adamlar. – Ol aşaklyk bilen Berdimyrat hana tarap ümzük atdy. – Muňkam bir nesibedir-dä... Ýogsam... Gurbanmyradyň aýdyşy ýaly özüni aýawlyrak saklaýan bolsa kem bolmazdy welin...

Berdimyrat han ol sözleri eşitdimi, eşitmedimi, belli däl, ýöne, gözüni welin açdy. Arkan ýatan ýerinden boýnuny gyşardyp Orazmämmet han tarapa seretdi. Kirpiklerini süzüp dodaklaryny ýalady. Ysgynsyz seslendi?

— Nätdi?

— Ýigitler mert durdular. Hemmelerem mert durdular. Soňky çozuşa ýerden ýörän gatnaşdy. Aýallaram... gyzlaram... ýetinjeklerem...

Gurbanmyrat işanam birnäçe gezek başyny atmak bilen hanyň sözüni tassyklady.

— Alla bizlik bolandyr enşalla... Galanynam ertir görübiris.

Orazmämmet han uludan demini alyp aşak bakdy.

— Ýöne, ýitgi köp. Olardanam-a az däl welin, bizden has köp. Garjaşmadan başgasynda biziňki bolanok. – Ol Gurbanmyrat işana tarap egildi. – Bilýäňmi? Habary bamy?

Iki dyzyny gujaklap, tärime ýaplanyp, boýnunam bir tarap gyşardyp oturan Gurbanmyrat işanyň: «Ýok, bilenok» diýenini gözlerini petreýdip, dodaklaryny çommaldyşyndan çen tutup biläýmeseň biler ýaly bolmady. Içinden ses çykmady. Ýöne, han bilen işanyň arasyndaky ol üm alşygy hiç kim aňmasa-da, durşy bilen gulaga öwrülip ýatan Berdimyrat hanyň syzgyr ýaş ýüregi duýdy. Ol gözlerini ýumjukladyp çalaja yňranjyrady.

— Bilýän... Bilýän, işan aga. Aýtmasalaram bilýän. Aňýan. Öýüm öňki ýerinde oturan bolsa bu ýerde ýatmazdym-da, öz öýümde ýatardym. Maşgalam, çagalarym diri bolan bolsalar bu wagt olaram daşymy gallaşyp oturardylar. Iň bolmanda Gurban kakam şu wagt siziň araňyzda oturardy. Ýaňy sorasam: «Siziňkileri guma, howpsuzrak ýere göçürdik», diýdiler. Emma men öz maşgalamyň ilden öň galany terk edip gitmejekdigini bilýän ahyry. Ýa-da olaryň menden bidin göçürilmejekdigine düşünýän ahyry.

Şondan soň ondan uzak wagtlap ses-üýn bolmady. Hemmelerem birhili bolup, dymşyp oturdylar. Käte kimdir biri ardynjyraýar, gözganjyraýar diýäýmeseň hiç kimde gymyldy hereket ýok. Gözleriniň gytagyny aram-aram hassa tarap aýlaşyp, demlerini uludan alşyp otyrlar.

Birdenem han gorsanyp başlady. Çagalarynyň, aýalynyň adyny tutup samrady. Ýene bir zatlar diýdi, ýöne, düşünip bolmady.

Mämmedoraz tebip syrkawyň ýanyna geçdi. Ol hassanyň gyzgynynyň galandygyny, oňa rahatlyk gerekdigini aýtdy. Ol şeý diýensoň oňa-da, syrkawa-da päsgel bermezlik üçin, oturanlar assa-ýuwaş turmak bilen boldular. Daş

çykansoňlar aýak üstünde durup, şu günüň wakalary, ertirki günüň aladalary barada pikir alyşdylar. Gönübeki ýatladylar.

Şol wagt agşam düşeli bäri ýigitleri bilen diwaryň üstünde durup, duşmanyň lagerine esewançylyk edip ýören Garabatyr atyny gorduryp geldi-de, özüniň şu wagtjyk Hanberdi hanyň ýogalandygy barada habar alandygyny we ýörite şony aýtmak üçin şu ýere gelendigini aýtdy. Üýşüp duranlaryň hemmesi Hanberdi hanyňka tarap ugradylar. Ýüzüni garaňka tutup, Garabatyram olaryň yzlaryna düşdi. Baransoňlar agasynyň başujynda çök düşüp oturan Akberdi hana ýeke-ýeke duýgudaşlyk etdiler.

— Yzy ýarasyn...

— Imany hemra bolsun...

— Bendeçilikdir mert boluň... – diýişdiler. Hanberdi hanyň şu gün iňňän uly gahrymançylyk görkezendigi barada öwran-öwran gürrüň etdiler. Beýle mert ýigitleriň bir ýa iki däldigini nygtadylar. Hatda, sanlyja gün mundan ozal Hanberdi han bilen tas, gylyç syryşmana çenli baryp ýeten Garabatyram oňa bolan buýsanjyny gizläp bilmedi. Ol Akberdi hana öz adyndan, ýörite duýgudaşlyk bildirdi.

Turjak bolup otyrkalar çep eliniň penjesi gyzyl ala hülle ýaglyk bilen daňylan Gulbatyr serdaram geldi. Ol öz ýigitlerinden köp ýitgi bolandygyny Jyýky batyryňam kellesinden gyltyzrak ýaralanandygyny ýöne, ýigitlerden aman galanlarynyň ählisiniň özüniňem, Jyýky batyryňam ertirki söweşe taýýardyklaryny aýtdy.

Umuman şol gün urşujylardan iki müň, galanyň içindäki urşa gatnaşmadyklardan bolsa, üç müňe golaý adamyň wepat bolandygy barada hem oturanlara habar berildi.

Orazmämmet han ertirki günüň maslahatyny has giňişleýin etmek üçin, ekabyrlaryň hemmesini öz öýüne çagyrdy.

Maslahatda ertir ir bilen, ors goşunlarynyň düşelgesine ilçi iberip, iki tarapdanam wepat bolanlary jaýlar ýaly bir günlik ylalaşyga gelmek barada gepleşik geçirmek, şeýle hem şu günki ýaly bihuda gyrgynçylyga sezewar bolmazlyklary üçin, derekliräk öý-goşlary bilen bilelikde maşgalalaryny Aşgabada tarap, şu gijäniň özünde ugratmaklyk karar edildi. Başda şeýdäýmändikleri üçin ýüzlerinde puşman göründi. Köpler ýüzlerini iki-baka sypajaklatdylar.

Ýaraşyk barada teklip girizenerem boldy. Ýöne, ol pikir goldanylmady.

— Bu indi giç, mundan soň başa näme gelse görübermeli bolar – diýdiler.

Gije ýarymdan agyberensoň, galanyň ýerinde ot ýakyldy. Düýeleriň bozlaşýan sesleri eşidildi. Adamlaryň goh-galmagallary köpeldi. Aýallaryň gykylygy çagalaryň çykylygy artdy. Göç başlandy.

Şol pursat ertirki gün barada gepleşik geçirmek üçin orslaryň üstüne ilçilerem iberildi. Ýöne, olar duşmanyň lagerine ýetip bilmediler. Kazaklaryň ýola gözegçilik edip ýören toparlary ilçidiklerinden bihabar olary oka tutdular we yzlaryna dolanmaga mejbur etdiler.

Bu ýagdaýy ilçiler gelip ekabyrlara mälim etdiler. Olar ilçileri ertir irden, howa bagtylyberende täzeden ugratmaly, diýen karara geldiler.

Gapyllykda üstlerini basdyrmazlyk üçin, gije duşmanyň geläýer öýdülen taraplarynda, galanyň iç hem daş ýüzlerinde, atly we pyýada ýigitleriň birnäçe toparlaryndan ybarat garawullar goýuldy. Olaryň ähli garamaty Jyýky batyryň üstüe ýüklendi.

Her niçik hem bolsa gije parahat geçdi. Maşgalalaryň aglabasy ýanynyň az sanly goragçylary bilen Aşgabada ugradyldy.

Iň soňky gelnen maslahat şeýle: Göç mazaly arany açýança, galada galan urşujylar şu ýerde durup duşmany güýmemeli. Belli bir wagtdan soň özlerem maý tapyp, galany terk etmeli we birnäçe han-begleriň başda teklip edişleri ýaly, gaça urşa: «gaç teke», «çöz teke» urşuna başlamaly. Guşly batyr bilen birleşmeli. Duşman tä, surnugyp, özünden-özi yzyna dolanýança, gün bermeli däl. Üstesine, şol wagt Nurberdi hanyňam alty müň atly bilen Marydan ýetip gelýändigi barada habar gowuşdy. Bu olaryň ruhlaryna-ruh, güýçlerine-güýç goşdy.

Daňdan sagat dördüň ýary bolanda ilçiler indi ikinji gezek galadan çykyp duşmanyň lagerine tarap ugradylar. Olar düşege barýan ýaly ýüzlerini sallaşyp, iňňän sus halda ýola düşdiler.

Sagat bäşiň ýary boluberende-de düşelgä baryp ýetdiler. Şol wagt ýaňy bir daň saz berip, zulmat gyzaryp başlandy. Ilçiler öz gözleriniň görýän zatlaryna ynanmajak boldular. Çünki, goşunyň öten agşamky düşlän ýerinde bu wagt ýel öwüsýär. Onda-munda zyňyndy goş-golamda görünýär. Ot, tüsse, kül ýok. Diýmek, soldatlara gije ot ýakdyrylmandyr. Käbir ýerde bugaryşyp duran at tezekleri goşunyň lagerden ýap-ýaňyja göterilendigine şaýatlyk edýär.

Oňa çenlem howa ýagtyldy. Düşelgäniň günorta-günbatar tarapynda tozan göründi. Ilçiler şol tarapa at goýdular. Tozanyň yzyndan ýetip synladylar. Tozan turzup barýanlar hakykatdanam patyşa goşunynyň esgerleri bolup çykdy.

Ýöne, olar nirä barýarlar? Sap atyp gala düýbünden başga bir tarapdan çozjak bolýarlarmy? Ýa yza çekilýärlermi? Ine-de goşunyň ugry ilk-ä Ýegenbatyr galasyna, ondanam ilerki daga tarap gönükdi. Soň dagyň etegi bilen gyrmyljyrap düýnki gelen ýoluna düşdi.

Diýmek çekilip barýarlar. Ýeňilip barýarlar. Ilçiler biri-birleriniň ýüzlerine seredişip ýyljyraklaşdylar. Birek-biregi gutladylar. Begenjine uly ili bilen gygyranam, gözüne ýaş aýlanlaram boldy.

Goşunyň barşy welin şeýle bir gözgyny, hatda duşmanyň bolsa-da perwaýsyz seredip durar ýaly däl. Gadamlary haýal. Şu ýoly dek-düýnjik geçendäkileri ýaly ýüzlerinde höwes, hyruç, şowhun ýok.

Esasanam ýaralylaryň ýagdaýy ýaman. Olaryň köpüsi kiçijik at arabalarynda, käbirleri bolsa suwly çeleklere derek düýeleriň howutlaryna iki taraplaýyn taýlanyp daňylan.

Bolmalysyndan has kän ýüklenendigi üçin, arabalardaky ýaralylar edil ojar basylan ýaly biri-birleriniň aşagynda baslygyşyp ýatyrlar. Käbiriniň elleri, aýaklary arabanyň nowasyndan çykyp «şalkyldap» ýatyr. Her ädimde nowa ýa tigire gülçüldäp degýär. Haçan tigriň çarhyna ilişip «gürçje» döwülse döwüläýmeli. Ýolunaýmagam ahmal. Ýöne, ýaralynyň özi bu howply ýagdaýy duýanok. Asla ol şol wagt gowresiniň haýsydyr bir ýerinde el ýa aýak atly agzasynyň bardygynam bilenok. Kimdir birini kömege çagyrmaga, hatda, az-kem derdini ýeňletmek üçin iňlemäge-de ýaranok. Howudyň gapdalyna daňylgy bir soldatyň haly hemmesiniňkidenem has agyr bor-a çemeli, ol ýol boýy «bagyryp» gidip barýar.

— Ahow zalymlar! Hristianlar! Isanyň hatyrasy üçin, Hudaýyň haky üçin meni çözüň! Düşüriň şu ýerden. Soň öz eliňiz bilen öldürseňizem alkyş aýdaýyn. Bir, arkan düşüp, rahatja ýatyp ölsem başga armanym ýok...

Şonuň «bagyrmasyndan» basylan bolsalar gerek, düýe janawerleriň dagy birindenem ses çykanok.

Soldaty welin çözýän ýok. her kim aşak bakyp, öz maýdalyna «mytdyldap» gidip barýar. Ýaraly bolsa düýäniň äwmezlik bilen ädýän her ädiminden soň hallan atyp, howutdan ep-esli ýokary galýar we gelip ýene-de agaç howuda gülçüldäp urulýar. «Ah» çekýär. Ýene-de gygyrýar, bagyrýar, ýene-de öz dindeşlerini kömege çagyrýar.

Howudyň üstünde oturan ýaralylaryň ýagdaýy ýene-de el-hal. Olaryň edil hindi pajalary ýaly gaýşarylyşyp, daş-töwereklerini parhsyzlyk bilen synlap gidip barýanlaram, tükge düşüp, iki epilip oturanlaram, ýanyn ýa ýüzünligine kese ýatanlaram bar. Ýöne, barybir olaryň hiç biriniňem güzerany höwes eder ýaly däl.

Öz agramyny özi göterip, sagdyn pyýadalaryň arasy bilen «dähedem-dessemleşip» kä durup, kä ýöräp barýan ýaralylaram az däl. Ýöne, bolup baryşlaryndan olaryňam dertleriniň ýeňilligi ýa aýaklaryny ýazaslarynyň gelýändigi üçin däl-de, arabalaryň, düýeleriň ýetmezçilik edýändigi zerarly bialaç şeýdişip barýandyklaryny aňmak bolýar. Olary başda öňdäki hatarlar bilen bilelikde ugradypdylar, emma häzir iň yzky hatarda süýrenişip barýarlar. Goşuny saklap ýene-de öňe geçiräýmeseler olaryň goşundan üzülip galaýmaklaram ahmal.

«Gyzyl hajyň» sanitarlary kä arabalaryň, kä düýeleriň arasynda elewreşip ýörler. Ýöne, bir ýere baryp düşlänsoňlar bir zat edäýmeseler, bu gidip baryşlaryna hiç kime edibilýän kömekleri ýok. Üstesine-de olar azlyk. Ýaralylar bolsa köp.

Hereket edere ýagdaýy bolmadyk, uly çindäki ýaraly ofiserleri soldatlar zemmerlerde göterip alyp barýardylar. Olar ýygy-ýygydan biri-birlerini çalyşýarlar.

Tutuş goşun gözden ýitip barýan Gökdepe galasyna tarap ahmyr bilen, gaňryla-gaňryla garaýar. Olaryň köpüsi entegem özleriniň yza çekilip barýandyklaryna ynananoklar. «Ynha, bir amalyja ýerde düşläris, dem-dynjymyzy alarys, garnymyzy ýazarys, ondan soňam täze güýç bilen tekeleriň üstüne çozarys, galalaryny başlaryna ýumrarys» diýip, göwün ýüwürdýärler.

Goşunyň gidip barşam gelendäkisi ýaly gaty bir tertipli däl. Öňde pyýada goşun bilen iki ýüze golaý atly, biri-birleriniň tozanlaryna garyşyp barýarlar. Tutuş ştab, goşun başlygynyň özi, pyýada goşunyň baştutany graf Borh, knýaz Dolgorukiý, ştabyň başlygy maýor Malama dagylar hem şolaryň arasynda. Sag ganatda dagystanlylar we ýene-de birnäçe ýüzleri çaňjaryşyp duran pyýada soldat, artilleriýanyň iki sany topy. Çep ganatda hem şolar ýaly tertipde. Goş-golamlar bölümi we «Gyzyl haç» goşunyň orruk ortasy bilen barýar.

Iki gün bäri idili dynç garasyny görmedik, açlyk suwsuzlyk, uruş zerarly halys egbarlan goşun ýarpy göwresi çapylan ýaraly ýylanyň kynlyk bilen öz hinine tarap süýşüp ýaly, örän kynlyk bilen hereket edýär.

Duşmanyň hakykatdanam gaçyp barýandygyny gözi bilen görmek üçin ondan-mundan, toplum-toplum bolup gelýän başga-da atly ýigitler görnüp başlady. Olar goşuny gapdallap kä baýyrlyklaryň aňyrsynda kň düzlük ýerlerde, käte bolsa çepde, dag tarapda görünýärler-de, derrewem ýitirim bolýarlar.

Goşun çep egnini Köpetdaga diräp, günbatar sary ugur aldam welin, birdenkä, duşmanyň arasyna dowul düşdi. «Tark-turk» «gümpüldi» eşidildi. Ilçiler bir bölek atlynyň goşuna çozandygyny gördüler. Ýöne, olar uzak eglenmediler. Duşmany başagaýlyga saldylar-da, dagy etekläp ýatan baýryň üstüne çykyp, gylyçlaryny bulaýlaşdylar. Dogup gelýän Günüň şöhlesine ýigitleriň gylyçlary edil ýyldyrym çakan ýaly «lowurdap» gitdi. Şöhlesiniň paralary o ýan, bu ýan süýndi. Baryp, argyn goşundaky ýadaw soldatlaryň, ofiserleriň gözlerini gamaşdyrdy.

Duşman olara tarap top atdy. Ýöne, ýigitler eýýäm öňki duran ýerlerinde ýokdular.

Baýyrlyklaryň aňyrsyndan «şapyrdap» çykyp, gök asmana göterilen ak kepderi çozuş edeniň kimdigini ilçilere-de, goşundakylara-da äşgär etdi.

Goşunyň hakykatdan-da Ahaldan çykyp barýandygyna ymykly göz ýetiren ilçiler şondan soň «gykuwlaşyp» at başyny gala tarap öwürdiler. Ýolboýam telpeklerini bir zyňdylar, bir gapdylar, biri-birleri bilen at çapyşdylar.

Şol gelişlerine olar häliden bäri diwaryň üstünde öz ýollaryna garaşyp duranlara tarap bir zatlar diýip gygyryşdylar, telpeklerini bulaýlaşdylar. Derwezäniň agzyna gelenlerindenem barysy birden at başyny çekdiler-de, ülker ýaly bir ýere toplandylar, ellerini agyzlaryna tutup, diwaryň üstündäkilere tarap uly joşgun bilen, biri-birleriniň seslerine ses goşup gygyryşdylar.

– Haý, teke gözüň aýdyň ho-ow! Haý, biz ýeňipdiris-le ho-o-ow! Duşman düşelgesini taşlap gaçyp gidipdir-le ho-ow! – Şondan soň olar toplumlaryny ýazman, derwezeden girdiler-de, dumly-duşa pytradylar. – Haý, teke telpegiňi göge zyň, ho-ow! Haý, ors bizden basylyp gaçyp gidipdir-le ho-ow!..

Olaryň biri derwezeden girişi ýaly Diňlidepä tarap tutdurdy. Depäniň üstünde habara garaşyp duran han-begleriň gaşyna baryp, üzeňňä galdy. Telpegini çykaryp dik ýokary galdyrdy.

– Haý, hanlar, begler, ulamalar! Serdarlar! Tagsyrlar! Gözüňiz aýdyň! Ýagy sizden basyldy! Gaçdy! Siz ýeňdiňiz!

Gurbanmyrat işan daýaw göwresine bap gelmeýän ýeňillik bilen ylgap diýen ýaly depeden düşdi. Hoş habar getiren ýigidiň atyny jylawladyl. Oňa çenli beýleki ilçilerem at gorduryp ýetip geldiler. Böküşip atlaryndan düşdüler. Gurbanmyrat işan olary ýeke-ýeke gujaklady.

Kerimberdi işanam onuň şol hereketlerini gaýtalady. Ikisi-iki ýerden:

— Siz hoş habar getirdiňiz. Ömrüňiz uzak bolsun — diýişdiler.

Kerinberdi işan dik duran ýerinde doga okap, elini ýüzüne syldy. Beýlekilerem şeýtdierl. Allanyň adyna şükranalyk sözlerini aýtdylar. Hä diýmänem, ähli diwarlaryň düýbünde şowhun, şagalaň emele geldi. Goh asmana göterildi. Ýokary zyňylýan telpeklerden ýaňa gögüň ýüzüni garasar alana döndi.

Ekabyrlar şol ýerden göni Berdimyrat hanyňka ugradylar. Gapydan girişleri ýaly Gurbanmyrat işan onuň gapdalyna çökdi. Elini emaý bilen egnine goýdy.

– Han! Gözüň aýdyň! Sen ýeňdiň!

Berdimyrat han gözünem açmady. Ýatyşynam üýtgetmedi. Sesi gűňleç çykdy.

– Ýeňiş halkyňkydyr, işan aga. Uly iliňkidir. Alla halkyň dilegini kabul edendir...— diýende sesi ysgynsyz, gűňleç çykdy.

Edil şol wagtam galanyň diwarlarynyň üstünden Garasähet jarynyň güýçli sesi ýaňlandy.

– Haý, millet gözüň aýdyň ho-ow! Haý, il-gün eşit, ors senden basylyp gaçyp gidendir-le ho-ow! Alla senlik bolup, seni ýeňşe ýar edendir-le ho-ow!.. Şu

söweşde gurban bolanlaryň barysy şehit bolup, Allatagalla olaryň jaýlaryny jennetden tutjakdyr-la ho-ow!

Ekabyrlar Berdimyrat hanyňkydan çykyp, gala ser saldylar. Şol pursat galanyň içinde dörän ýagdaýy toý şagalaňy bilen deňeşdirjegiňem, ýas pygany bilen deňeşdirjegiňem biler ýaly bolmady. Kimiň gülüp, kimiň aglap ýöreninem seljerer ýaly däl. Hem gülüp, hem aglap ýörenem bar. Kim diri galan hossarlaryny gujaklap aglasa, kim şu gün jaýlanmaly ölüsini bagryna basyp aglap otyr. Kim çyny bilen şatlanyp, çyny bilen gülse, kim derdi içine sygman, beýnisi üýtgäp, il ugruna gülüp, aglap ýör. Käbirleri bolsa öňünden çykanyň ýüzüne seredip durýar-durýar-da, birdenem ýa-ha aglap goýberýär, ýa-da tükeniksiz gülkä başlaýar.

— Tur, balam, gözüňi aç, biz ýeňdik! – diýip, gerçek ogullarynyň meýitleriniň üstüne kükreklerini gerişip oturan aýallar, gojalar bolsa gülübem bilmän, aglamana-da rogwatlary çatman, käte bir daş-töwereklerine göz aýlaşyp, gurak-gurak ýuwdunyşyp otyrlar. Ýöne, şol ahy-pyganlary, agy gatyşykly eňremeleri, dynç oturan halkyň üstünden inen bu agyr kesapatyň ýowuz derdini ýeňilleşdirýän, halkyň ýaraly ýüregine teselli berýän ýekeje zat bar – o-da Allanyň beren ýeňşi. Çekilen pidalaryň, dökülen ganlaryň biderek gitmändigi. Netijesiz bolmandygy. Örän kyn hem agyr düşen, şu ýeňşi gazananyň hut öz öňlerinde ýatan jansyz jesetlerdigine şol garabagyrlaryň düşünmekleri. Läşler içre diri läş bolup oturanlaryň ýaraly ýüreklerine teselli berýän ýeke-täk zat ana, şol.

Birdenem, galanyň iň beýik diwarlarynyň üstünden, Ahal ülkesinde henize bu güne çenli eşidilmedik täze bir sazyň owazy ýaňlanyp başlady.

Elbetde, bu gün ýas güni. Düýnki şehit bolanlaryň jaýlanýan, ruhlaryna aýat okaljak, ys ediljek, degsin ediljek güni. Türkmençilikde beýle gün saz çalmak, aýdym aýtmak bolmaýar. Ýöne, bu gün ýeke bir ýas güni däl. Ýeňiş toýam şu güne degişli. Onsoňam bu çalynýan saz toý mukamy däl-de, belki ýas mukamydyr? Matam mukamydyr? Tutuş Ahal iliniň, Gökdepe galasynyň başyna düşen agyr ahwalaty ýüpek tarlaryň, kümüş perdeleriň üsti bilen beýan edýän, ýeri, ýurdy, il-güni üçin dek düýnüň özünde baş goýan batyr ýigitleriň, serkerdeleriň, han-begleriň, aýal-gyzlaryň, ýetginjek oglanlaryň ruhuna bagyşlanan ýadygärlik mukamydyr? Howwa, bu hakykatdanam şeýle. Bu saz – Watançylyk mukamy. Gökdepe mukamy. Galanyň çür başyna çykyp, şol sazy çalyp oturan sazanda kör kepele. Ol halypasynyň iň soňky sargydyny berjaý edip otyr. Şol sazyň içindäki söweş hereketleriniň arasy bilen, ömrüni türkmen taýpalarynyň agzybirligini, bir döwlete öwrülip, dünýädäki sanly döwletleriň sanawyna goşulmany arzuw edip geçiren, döwürdeşleri tarapyndan türkmençiligiň nusgasy hökmünde ykrar edilen Gönübek halypanyň çilimini kükedip oturan mährem, mylaüym keşbi hem mese-mälim görnüp dur. Çünki, ol saz onuň öz döreden sazy.

Hasasynyň ujuny Enehakyda tutduryp öýünden çykan Hakyda molla-da şol nurana keşbe tarap yrgyldap barýar, saza siňen hakydany diňleýär. Öz borjuny berjaý edip giden halypa sazanda alkyş okaýar. Ahally ýaly onuň yzyny ýöredibiljek ezber elli ýigitleriň bardygyna guwanýar. Ol ýigitleriň elleriniň hemişe dutarly bolmagyny hiç haçan tüpeň, gylyç götermeli bolmazlygyny isleýär. Öz hakydasynyňam şeýdip, özi ölenden soňam il içinde aýdylyp ýörülmegini dilden-dile geçmegini, indiki nesillere baryp ýetmegini arzuw edýär.

Ekabyrlaram topar tutuşyp, şol nurana keşbe tarap ugradylar. Kem-kemden ähli halk şol sazyň çykýan tarapyna ýňdy.

Ol sazy entek gara ýere duwlanmadyk Gönübek halypanyň jesedem, ýap-ýaňyja jan beren, şu urşa başdanaýak ýolbaşçylyk eden Berdimyrat hanyň jesedem, gahryman ogul Hanberdi hanyň jesedem, Watan üçin baş goýan müňlerçe jesetleriň ählisem diňledi. Ahal tekelerine şöhrat getiren beýik ýeňşiň beýany bolan şol saz birdenkä Gökdepe galasynyň pagsa haýatlaryndan göterildi-de, külli Ahal iline, soň tutuş türkmen topragyna ýaýrady.

Hä diýmänem onuň dabarasy Orsyýediň özüni hasap etmäninde-de Eýrana, Owganystana, Ruma, arap-şam ýurtlaryna, hatda pereň welaýatlaryna Amerika yklymyna çenli baryp ýetdi. Hywanyň, Buharanyň bazarlarynda telim wagtlap gürrüň diňe türkmenleriň Gökdepe galasynda görkezen gahrymançylyklary, gazanan ýeňişleri barada boldy.

*Birinji kitabyň soňy*

Ikinji kitap

# Jöwzaly gyş

## 1. Nurberdi han

Syrkawlykdan doly aýňalymadyk hem bolsa, ors goşunynyň Ahala girenini eşidip, Nurberdi han alty müň atlydan ybarat goşun bilen Marydan ugrady.

Emma ýetişmedi. Uruş ol gelip ýetişmänkä gutardy.

Nurberdi han Gökdepä gelşi ýaly, oňly dynjynam alman, gala aýlanyp çykdy. Bolan weýrançylyklary, çekilen zyýanlary görüp, gynandy. Onda-munda, kowçum–kowçum bolşup, ýüzlerini sallaşyp duran adamlaryň ýanyna ýeke-ýeke baryp görüşdi, hal-ahwal soraşdy. Ýeňiş bilen gutlady. Wepat bolanlaryň jaýlarynyň jennet bolmagyny diledi. Öz ogly Berdimyradyň wepady üçin Hudaýa şükür edýändigini, mert durup aýtdy. «Egerde halkyň başyna şular ýaly agyr iş düşen güni bir men pidasyz galan bolsam gynanardym», diýdi.

Şol gün ol ekabyrlary ýygnap, mundan buýana nähili hereket etmelidigi barada maslahat geçirdi. Geçen uruşda ýeňşiň juda gymmat düşendigini aýdyp, Orazmämmet han bilen Hanmämmet atalyk ikisi egerde, duşman ýene-de gaýdyp geläýse, uruşmazlyk, ýaraşyk baglaşmak barada öňki pikirlerini orta atdylar. Emma, bu gezegem güýçli garşylyga duçar boldular. Maslahatçylaryň deň ýarysy diýen ýaly, hiç bir zada garamazdan, göreşi dowam etdirmekligiň tarapynda durdular.

Nurberdi han aşak bakyp, oýa batyp oturşyna taraplaryň hiç birine-de degişli däl terzde:

— Göribiris... – diýip, köpmanyly gürledi. – Entek geljek goşunmy ol, gelmejek goşunmy, o-da belli däl. Wagty gelende mesele aýdyň bolar. Nätmelidigem şonda öz-özünden çözüler.

Şondan soň üýşüp şeýle karara geldiler: häzirlikçe halkyň arasyna hiç-hili gep-gürrüň ýaýratmaly däl. Egerde gaýdyp gelmeseler-ä ýagdaý öňküligine galýa, geläýselerem gepleşik geçirmeli, uruşyň bolmazlygyny gazanmaga çalyşmaly. Egerde, töwellany almasalar, onda özümiz üçin iň amatly ýagdaýy saýlap almaly we şoňa görä hereket etmeli. Ýene-de bir aýa, kyrk güne çenli goşun gara bermese, halkyň assa-ýuwaş obalaryna dolanyp barmaklaryna rugsat bermeli.

Ruhy batyryň uruş tärini saýlap almaly, maşgalalary gala salmaly däl, diýenlerem boldy. Emma näme üçindir ol teklip agyr dymyşlyk bilen garşy alyndy.

Taraplaryň hiç birem ony goldamadam, ret hem etmedi. Bu ýagdaýy Ruhy batyryň bir sebäbe görä maslahata gelmändigi bilen düşündirmek mümkin.

Maslahat doly tamamlanmanka-da: «Dykma serdar geldi» diýen habar düşdi. Bu habar her kime birhili täsir etdi. Ony dönük hasap edýänleriň-ä gazap otlaryny tutaşdyrdy. Olar Dykma serdaryň entek gelip girmedik gapysyna tarap alarylyşyp seredişdiler.Mejbury tussaglykda bolandyr, diýýänleriň bolsa ýüklerini ýeňletdi, olar usullyk bilen uludan demlerini alyp, biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler.

Nurberdi han Dykma sedary diýseň sowukganlylyk bilen garşylady. Anygyna ýetmän günäkärläbermekdenem, aklabermekdenem saklandy. Adam şekilli salamlaşdy, iki eli bilen görüşdi, öz ýanyndan ýer görkezdi.

— Hany , aýdyp otur, Öwezmyrat, başyňa nä işler, neneňsi külpetler düşdi?

Dykma serdar bar zady bolşy ýaly beýan etdi. Soňundanam:

— Bolan iş-ä şeňle han, galanynam bile giden, şol zatlary meniň bilen deňine çekişen adamlardan soraýyň, isleseňiz hersinden aýratynlykda sorag ediň, birimiziň sözümiz aýra çyksa ynanmaýyň – diýdi.

— O zatlary biz onsuzam aýdyňlarys – diýip, Nurberdi han äwmezlik bilen gürledi. – Öz-özündenem aýdyň bolar, «temen haltada ýatmaz». Galyberse-de, men saňa müňkürlik edemok. Aýdanlaryňa ynanmanam duramok. Sebäbi ors özüniň namart taraplaryny köp görkezdi. Onuň Gazawat urşunda-da ýomutlaryň on iki sany ilçisini yzyna ibermän esli wagtlap göz tussagynda saklandyklaryny bilýäs. Şonda şol habaryň patyşa ýetip, şol işi eden ebserlerine gaty käýýändiginem, birentegine temmi berendigindenem habarymyz bar. Siziňňem şol ýagdaýa düşen bolmagyňyz mümkin, ýöne, sen gaçyp sypdyk, diýýäň, şonuň üçinem, meniň saňa bir sowalym bar.

— Aýdyber, han.

— Aýtsam, saklawyňyz-a örän berk bolupdyr. Hemmäňizi goşunyň orruk ortasynda ýerleşdiripdirler. Ýaraglaryňyzy eliňizden alypdyrlar. Şeýle ýagdaýda siz nädip gaçyp bildiňiz. Egerde gaçmaga ýagdaý bar bolan bolsa, onda näme üçin başda, Gökdepä gelmänkäňiz gaçaýmansyňyz? Ýa-da gidişin näme üçin Bendesene barmankaňyz, bärräkde gaçaýmansyňyz?

— Dogry aýdýaň, han. Şeýle soraga biz garaşýardyk. Ýöne, ne gidişin, ne gaýdyşyn gaçara maýyň bolmandygy çyn. Ýöne, Bendesene gaýdyp baranymyzda goşuna Musa han atly bir ýomut geldi. Ol ors ebserleriniň arasynda-da, sallatlaryň arasynda-da abraýly adam ekeni. Bizi gaçyran ana, şol. Ol bize dost. Ýöne, olaryň arasynda ýene bir ýomut bar. Adyna Molla düňder diýýäler. Ol welin, orslara çyny bilen berlen. Kimde-kim şoňa duşsa gepine ynanmasyn.

Nurberdi han bilniksiz kinaýa bilen çalarak ýylgyrdy.

— Seni gaçyranyny bilse ors baýarlary Musa hana jeza bermezlermi?

— Men özümem oňa şu soragy berdim. Ýöne, ol: «Meni gaýgy etmäň, men öz günümi özüm görerin», diýdi.

— Ol sizi saklawlardan nädip geçirdi.

— Ol olar bilen bir zatlar barada gepleşdi.

— Näme diýdi?

— Bilemok. Sebäbi orsça gürleşdiler.

— Näme diýdiň, diýip özünden soramadyňmy?

— Ýok. Asyl soraşyp-ideşip durara wagtam bolmady. Ol bizi atlarymyzyň ýanyna alyp bardy-da: «Heriň birine mündiň-de, gaçyň, öňürti ýuwaş sürüň, soňam çapdyryp gidiň», diýdi.

— Sen özüň näme pikir edýäň, bu hakda?

— Meň çakym-çak bolsa şuny ýanaralyň özi gurnan bolmaly. Ýaňy sen Gazawatda bolan wakany ýatlap gowy etdiň. Bu gezegem meniňçe hut şeýle bolan bolmaly. Ýanaral ilçi babatdaky halkara we gadymy düzgüni bozdy. Başda ol muny barşym ýaly Gökdepäni alaryn, ýeňiş gazanaryn, eden işim bilinmez, diýen niýet bilen eden bolmaly. Emma onuň bu eden işini öz ebserlerem, sallatlaram halamadylar. Ony tersläp onda-munda köp gürrüň etdiler. Bize hemişe duýgudaşlyk bildirdiler. Göwünlik berdiler. Egerde goşunyň berk düzgün-nyzamy bolmadyk bolsady, onda bizi soldatlaryň özlerem gaçyryp goýbererdiler. Ana, şol gürrüňleriň bir çetem meniň pikirimçe Gazawatda bolşy ýaly bir ýol bilen ak patyşaň özüne ýeten bolmaly. O-da: «Derrew şolary boşadyň» diýip, gyssagly habar ýollan bolmaly. Bularyňam göni: «Gidiberiň» diýmäne bogunlary ysman, ýa-da beýtmäni sallatlaryň ýanynda kiçilik bilip, Musa hana: «Sen şu işi şeýt» diýip aýdan bolmaly. Bu meniň öz pikirim, han. Galanam näme, dura-bara äşgär bolar-da... Ýöne, şeýtmek bilen ýanaralyň meni hakykatdan-da öz halkyma dönük hökmünde görkezjek bolan-a çyn. Muny maňa onuň özi galany topa tutup durkalar edil iki gözümiň içine seredip aýtdy... Ine, indem görüp otyryn welin, ol maksadyna tas, ýetiberenem ekeni.

Nurberdi han ýüzüni agraslyk bilen ýerden göterdi-de, töweregine göz aýlady.

— Dykma serdara soragyňyz barmy, adamlar? – Han soragyny boldum edenden soň serdara sorag beren bolup oturmaklygy hiç kim özüne uslyp bilmedi. Nurberdi han indi başyny dik tutup, hökümli gepledi. – Onda, şu günden şeýläk Dykma serdary dönük hasap etmeli däl. Günäkär däldigini ol özüniň munda buýanky hereketleri bilen görkezer diýip umyt edýän. – Soň ol Dykma serdara ýüzlendi – Öwezmyrat! Şu günden şeýläk hiç kim saňa barmagyny çommaltmaz. Göwnigaraçylyk etmez. Ýöne, saňa tabşyryk bar. Serhede golaý ýerde otyrandygyň üçin sen orslardan habardar bol. Bärik geçirme. Geçjek boldugy bimaza edip dur. Bu işde saňa ýardam etmegini biz Ruhy batyrdanam haýyş ederis.

Howp döredigem bize çapar ýolla. Duşmanyň mundan buýana nähili hereket etjekdigi mälim däl. Şonuň üçin bizem bu ýerde ähli zada taýýar ýagdaýda durarys. Häzir urşujylarymyzyň sany ýigrimi iki müň. Ýöne, gerek bolsa goşun sanyny ýene-de artdyrarys. – Nurberdi han häliden bäri aşak bakyp, böwrüni diňläp oturan Gurbanmyrat işana ýüzlendi. – Tagsyr, sizem Dykma serdary dönük hasap etmäňizi goýuň.

Gurbanmyrat işan razylyk hökmünde baş atdy. Dykma serdara elini uzatdy. Görüşdi. Oňa eýerip hemmelerem şeýtdiler.

Şunlukda, Dykma serdar ekabyrlar tarapyndan doly surarda aklandy.

Dykma serdar goşunyň juda egbar halda yzyna dolanandygyny, bu golaýda özüni dürsäp bilmejekdigini hem habar berdi.

Nurberdi han uzyn boýly, süňkleri iri, hereket edende äpet çiginleri, mähnet kebzeleri oýmuldaşyp duran, boýny çapgy ýassygy ýaly, kelleçanagynyň ýeňsesi süýri, maňlaýy giň hem tüňňi, burny gönümel, gyzyl ýüzli, az, ýöne uz sözli, gürrüňdeşini soňuna çenli diňlemäni başarýan, gaharyna-gazabyna erk edip bilýän parasatly adam.

Mundan otuz ýyl, ozal, Ahalyň ähli gala hanlarynyň hany edilip saýlanan gününden bäri onuň ýekeje aýy hem gowgasyz geçmedi. Daşky dawa-jenjelleri, uruş-gowgalary hasap etmäniňde-de, özara, tire-taýpa oňşuksyzlyklaram ýeterlik boldy. Şu döwrüň içinde halk ony kä han saýlady kä hanlykdan aýyrdy, soň ýene-de yzyna çagyryp aldy. Çünki, kim näme diýse-de, dagynyk tire-taýpalaryň agzyny birikdirip biläýjek başga bir şahsyýet ýokdy. Ol raýatlaryna buýruk berip, para-peşgeş talap edip, özi garnyny gäberdip ýatan ýalta ýa haramhor hanlardan däl. Söweş güni ýigitleri bilen bir hatarda gylyjyny syryp göni duşmanyň tuguna tarap topulýan mert ärleriň hilinden. Bir oba çapylsa ýigitleriň öňüne düşüp öwezalamana-da gidiberýär. Ýesirleri boşadyp alyp gelýär. Sürülen mallary, alnan baýlyklary, goş-golamlary getirip eýeli-eýesine gowşurýar. Çapawulçylyk zerarly lagar düşen hojalyklara aýaga galmaga kömek edýär. Duşmanyň dişinde et galar ýaly edenok. Aryny köýdürenok. Çünki, öz raýatlygyndaky obalaryň her bir öýüniň aryny, namysyny öz ary, öz namysy hasap edýär.

1854-nji ýylda ýüz beren, Ruhy batyry ýetim goýan meşhur Näzdepe gyrgynçylygyndan soňam şeýle boldy. Obanyň kim tarapyndan, Eýranyň haýsy welaýatynyň haýsy galasy tarapyndan çapylandygy takyklanandan soň, Nurberdi han Ahalyň baş serdary Dykma serdara derhal goşun ýygnamak barada buýruk berdi. Dykma serdar bir müň iki ýüz atlyny öz möhletinde, Zawdaky suwly ýabyň boýunda jem etdi.

Goşun Zawdan çykyp Şarlawuk tarapa ugrady. Jülgeden-jülgä ýol söküp barşyna Etrek derýasynyň güzerinden geçip, Eýran serhedine aralaşdy. Öýlän

çaglary boluberende, Näzdepä çozan ýagynyň galasyna baryp ýetdi. Daşyny gabady. Saklawlaryny ýok edip, gidiren ähli emläklerini mallaryny garaňky düşýänçä gaýdyp aldy. Ýesirlerini boşatdy. Emma Näzdepe çapylşygyna baştutanlyk eden Permanşanyň özi welin tapdyrmady. Aýdyşlaryna görä ol türkmenleriň öwezalamana gelýändiklerini eşidip öňünden gaçypdyr we nämälim bir ýerde gizlenipdir. Nurberdi han haýal etmän yza döndi. Gijesi bilen ýol ýörediler. Ertesi guşluk wagtlary Etrek derýasyna gelip ýetdiler. Birdenem olaryň gözleri derýanyň boýunda ot ýakyşyp oturan bir bölek goşuna düşdi. Daş-töwereklerinde bolsa eýerleri aýrylmadyk atlar otlaşyp ýörler.

Görlüp oturylsa Permanşanyň galasynyň adamlaryndan birnäçesi türkmenleriň garasy görnenden golaýdaky uly galanyň hanynyň ýanyna ýüwrüpdirler. O-da gyr-gyssag goşun ýygnapdyr-da, türkmenleriň geçjek ýoluna – Etrek derýasynyň güzerine ýollapdyr. Ine, onsoň olaryňam: haçan geläýerkäler, diýip, garaşyp oturyşlary ekeni. Olar gaty arkaýyn bolarly, hatda türkmenleriň geljek ýoluna garawulam goýmandyrlar.

Nurberdi han Dykma serdara goşuny dagyň böwürräk ýerine tarap çekmekligi buýurdy. Şol ýere baransoňlar bolsa at üstünde oturşyna gysgaça söz sözledi.

– Iki ýüz atly şu ýerde galyp, alnan oljalary, ýesirleri garawullasyn. Dört ýüz atly dört hatar bolup güzerden geçsin-de, duşmanyň üstüne çözsün. Aralaryna mazaly başagaýlyk düşensoň galan atlylaram daş-töwereklerine aýlansynlar-da, gysaja salsynlar. Birinem aman sypdyrmaň, ýigitler! Alla bizdendir! Çünki, biz alaman etmedik, öwezalaman etdik.

Duýdansyz ýerden üstüni basdyran goşun garşylyk görkezmäge-de ýetişmedi. Dyr-pytrak bolup hersi bir ýana gaçdy. Käsi ylgap baryp atyna münse, käbiri atdan-zatdan elli bizar, omadaklap gidip, dagyň ýüzi bilen ýokarylygyna tutdurdy. Halys üstüni basdyranlar bolsa duran-duran ýerlerinden ellerini gulaklaryna eltip azan aýtmana başladylar. Azan bilmeýänler dyzlaryna çöküp aman dilediler. Garpyşma urşuna girenleriň bolsa basym soňuna çykyldy.

Mahlasy, gidenlerine bäş gün diýlende Nurberdi han öz goşuny bilen sag-aman yzyna dolanyp geldi. Alynan oljalary çapylan öýlere, dul hatynlara, hor-homsy ýaşaýan hojalyklara paýlap berdi. Ata-enesinden mahrum bolan ýetim çagalary hossarlaryna, halys hiç zady bolmadyklary bolsa, özüni oňarýan, çagasy azrak hojalyklara berdiler.

Näzdepeliler şonda Nurberdi handan köp-köp minnetdar bolupdyrlar.

Şol wakadan bir ýyl soň, ýagny 1855-nji ýylyň ýazynda, Hywa hany Mädemin han Sarahsda oturan teke türkmenleriniň üstüne çozdy. Muny öňünden aňan Gowşut han Ahala çapar ýollady. Habar baryp ýeten dessine Nurberdi han bir bölek goşun bilen derhal ýola düşdi.

Özüniň mugallymy, hem türkmeniň, hem özbegiň, külli türki kowumlaryň sylagly adamsy bolan Ak işanyň ençeme eden töwellasyny almadyk, «...Bar, Düýeboýun öwülýä-de sizden bolsun, bar, Hudaýam sizden bolsun, men barybir Sarahsly tekeleri çapjak» diýip, küpür geplän Mädemin hanyň goşuny şonda ahally hem-de sarahsly tekeleriň birleşen goşunyndan masgaraçylykly ýagdaýda ýeňildi. Hanyň özi bolsa öldürildi.

Sarahslylar Nurberdi hany uly hormat bilen ugratdylar. Emma Nurberdi hana ýola düşüp-düşmänkä Ahaldan: «Öten ýyl Näzdepäni çapan Permanşa indi Gökdepä çozdy, esasanam Hurmandy weýran etdi, oglanlary olja, gyzlary ýesir edip äkitdi» diýen habar ýetişdi.

Ahala gelensoň dem ýok, dynç ýok, Nurberdi han ýene-de Permanşanyň üstüne öwezalaman gurnady. Bu gezek oňa ýeke bir oljalanan zatlaryny, ýesirlerini gaýtaryp almak däl, eýsem Permanşanyň hut özünem ele salmak we jezalandyrmak başartdy.

Soňky on-onki ýylyň dowamynda Eýran bilen Hywadan başga orslaram Nurberdi hanyň böwrüne sanjy bolup döredi. Olaryň ökdelik bilen amala aşyrýan içalyçylykly hereketleri bolsa hanyň türkmen taýpalarynyň agyzlaryny birikdirmek baradaky işlerini hasam kynlaşdyrdy. Orslar başda Eýran şasy Nasreddin bilen dil birikdirip Etrek, Gürgen, Hazarýaka türkmenleriniň üstüne alamanlar gurnaýardylar, soň-soňlar olaryň örüsi giňäp, Ahal obalaryna çenli gelip ýetdiler. Şonuň üçinem, Nurberdi han Näzdepe, Hurmant gyrgynçylyklarynyňam sebäbini şolardan görmän duranokdy.

1858-nji ýylyň güýzünde bolsa Garrygaladan, Garaçuka ýomutlary bolan atabaýlardan, japarbaýlardan, gökleňlerden Nasreddin şanyň öz üstlerine çozmakçy bolýandyklary barada habar geldi. Ol habarda ahal tekelerinden kömek soralýardy. Çünki, Gyzylarbatda bolan uly çaknyşykdan soň orslardan ymykly göwni geçen ýomutlaryň, gökleňleriň indi özleriniňem bir güýje öwrülen ahal hem mary tekeleri bilen birleşesleri islendik duşmana garşy bile göreşesleri gelýärdi.

Elbetde, bu meýiller ýöne ýere döremeýärdi. Onuň aňyrsynda Nurberdi hanyň hanlyga geçen gününden bäri birleşen türkmen taýpalaryndan ybarat bir türkmen döwletini döretmek babatdaky tükeniksiz tagallalary ýatyrdy. Ol baryp-ha şol döwürlerde döwlet gurluşynyň alamatlaryny aňladýan, hemişelik hereket edýän «aňtawçylar», «wagyzçylar», «dadygöýlar» toparlaryny, kazyçylyk ýaly wezipeleri döredipdi. Mahmyt işan, Ak işan, Muham sopy, Töre ahun, Garry pir, Atajyk molla ýaly dini hadymlary, Dykma serdar, Öwez baý, Orazmämmet han ýaly hanlary «wagyz-nesihatçylara» baş edip, ähli türkmen uluslaryna ýollapdy. Birleşmek, bitewi döwlet gurmak barada il arasynda öwüt-ündew işlerini alyp barmaklaryny sargapdy. Hemişelik hereket edýän goşun döretmek hem onuň esasy maksatlarynyň biridi. Şol maksatlarynyň ilkinji çäreleriniň biri hökmünde ol her

obanyň möçberine, ilat sanyna ýerleşýän ýerine görä, ýigrimiden ýüze çenli atly toparlar döredipdi. Olary öz atasy Döwletýar baýdan galan gylýal sürüsindäki saýlama atlar bilen üpjün edipdi. Ýaraglandyrypdy. Onbaşylary, ýüzbaşylary belläpdi. Olaryň hersi öz obasyny gündelik goramaly, gerek bolan halatynda bolsa ýokarda agzalyp geçilen wakalarda bolşy ýaly birleşmeli, birek-birege kömek etmeli.

Nurberdi hanyň bu tutumyna kem-kemden salyrlar, saryklar, ýomutlar, gökleňler hem meýil bildirişip başladylar.

Ýaňky, Garrygaladan gelen habaram şol soňky wagtlarda dörän ysnyşykly meýilleriň netijesidi. Dogan-dogany kömege çagyrýardy. Birek-birege umyt baglaýardy. Ysnyşyga tarap ymtylýardy.

Şonuň üçinem, Nurberdi han, gyssagly suratda maslahat çagyrdy. Garrygaladan gelen habary orta goýdy. Maslahat: «Tizden-tiz kömege ýetmeli» diýen netijä geldi.

Edil şol wagtam ýene-de Sarahsdan bir dadygoý geldi we Nurberdi hana Gowşut hanyň hatyny gowşurdy. Hatda şu sözler ýazylan eken: «Eýranlylardan ýaňa bize ynjalyk ýok. Asly mekanymyz Ahala göçeli diýsek, o ýeriňem ýagdaýy özüňize belli. Ýer-suw az. Öňem hut şol ýagdaý sebäpli biz ol ýerden bäri gaýdypdyk. Siz öň bir gezek: «Sarahsda durarlyk galmadyk wagty Mara süýşüň-de, apy ýylanyň agzyndan sowluň», diýipdiňiz. Emma biziň Mara göçüp barmagymyzda ol ýerde oturan saryk garyndaşlarymyz garşy. Biziň olara iberen ilçilerimiziň sözi ýer almady. Olar hatda uruşmakdanam gaýtmajakdyklaryny aýdypdyrlar. Beýdilse-de iki tarapdanam nähak gan döküljek. Asla bizde beýle meýilem ýok. Bu meseläni oňyn çözmäne özüňiz ýardam beräýmeseňiz başga çykalga ýok...»

Nurberdi han bu meseläni maslahata goýdy. Maslahatyň gelen netijesini jemläp, han, Sarhsdan gelen dadygöýe şeý diýdi.

— Ol ýede durarlyk galmadyk bolsa hakykatdanam Mara göçsünler. Saryk garyndaşlaram ýagdaýa düşünerler. Bardy-geldi gyzmalyk edip, garşylyk görkezjek bolsalar ýaraga ýapyşmasynlar-da, gamçy, taýak dalawladyşyp, çarwa urşuny etsinler. Birek-biregi çapmasynlar. Biz häzir baryp bilemizok. Garrygala ýagy ýetip gelýä. Ýomut-gökleň garyndaşlar kömege garaşyp durlar. Mahlasy şu wagt daşardan ýagy ýetip gelýä, şony bir garalyň, içki dawalary soň çözübirs. Nurberdi han şeý diýdi, dýseň düşünerler.

Sarahsdan gelen dadygöý ýola düşenden soň, on iki müň atlydan ybarat agyr goşun Nyrberdi hanyň ýolbaşçylygynda haýal etmän Ahaldan çykyp Garrygala tarap ugur aldy. Zaw suwunyň ýanynda olara Mahmyt işanyň tagallasy bilen ýomutlardan ýygnanan alty müň atly, gökleňlerden iki müň atly goşuldy. Jemi

ýigrimi müň atly şol ýerde öýle namazyny okady we Etrek derýasyna tarap ýola düşdik.

Barylmaly menzile ýetilenden soň, ähli goşuna bir özüniň ýolbaşçylyk etmegini ýomut-gökleň ýaşulylary Nurberdi handan haýyş etdiler. Aýratynlykda ahal-teke ýigitlerine Dykma serdar, ýomutlar bilen gökleňlere hem öz serdarlary ýolbaşçylyk etmeli.

Nurberdi han teklibi kabul etdi, ýöne, ýurda belet adamlar hökmünde ýomutlardan iki, gökleňlerdenem iki adamyň özüne maslahatçy edilip bellenmegini haýyş etdi. Söweş güni uruş üçin amatly ýerleri saýlap almaklygy hem olaryň öz ygtyýarlaryna goýdy.

Şol günüň ertesi günortan boluberende, Nasreddin şanyň Japarguly han tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän «Ýeňilmez» atly goşuny türkmenleriň ornaşan derbendiniň ileri tarapyndaky ýapgytdan aşak indi. Suwa inen goýun sürüsi ýaly eňip gelýän serbazlara gözi düşenden, Nurberdi han goşun serdarlaryna gyssagly suratda tabşyrk berdi.

– Duşmanyň ardy dagdan düşüp ýetişmänkä, iki bölüniň-de, aşaky eňňidi iki taraplaýyn gabaň. Bir bölek goşun eňňidiň düýbi bilen aýlanyp, duşmanyň ýeňsesinden ursun! Garjaşma girip, duşmanyň sapyny saýpallatsyn. Ýene bir bölegiňiz ýagynyň çat maňlaýyndan uruň. Ýa, Alla!..

Çaknyşyk öňli-soňly üç güne çekdi. Iki tarapdanam köp-köp ýitgiler boldy. Üçünji güni Japarguly hanyň goşuny ejizledi. Şonuň üçinem, ol aşaklyk bilen gökleň-ýomut obalaryna öz jansyzlaryny iberdi. Olar: «Türkmenler asgynladylar, sebäbi öz aralarynda agzalalyk döredi, tekeler bu gün-erte jeň meýdanyny taşlap gaçarlar» diýen ýaly ýalan gürrüň ýaýratdylar. Olaryň bu hileleri birbada ýol almanam durmady. Sowuk habary eşiden ýomut-gökleň aýallary yzanda-çuwan bolşup geldiler-de, çagalaryny Nurberdi hanyň atynyň aýak astyna okladylar. Belanyň körüginiň nirededigini aňan Nurberdi han aýallary höre-köşe bilen yzlaryna gaýtardy.

– Jeň meýdanynda jesedim galar weli, duşmana ýeňsämi görkezmen. Menem görkezmen, ýigitlerimem görkezmezler. Bular ýaly jeňňimaglubany biz ýaňy görmelem däl – diýdi.

Şondan soň o-da ýomut-gökleň obalaryna özüniň «wagyzçylaryny» iberdi. Olar sähel wagtyň içinde halka hakykaty düşündirdiler. Şondan soňky urlan zarba Eýran goşunyny çym-pytrak etdi. Nasreddin şanyň «ýeňilmezi» ýeňildi. Japarguly han ölümiň öýünde özüni Nasreddin şanyň köşgüne atdy. Türkmenlerden sürlüp getiriljek ýesirlere, halydyr-palaslara, gyzyldyr-kümüş şaýlara, şabaz atlara garaşyp oturan Nasreddin şa bu ýagdaýy görüp ör boýuna galdy. Bolan işi içine sygdyrybilmän özünden gitdi. Abdysetdar kazynyň «Jeňnama» kitabynda şol

pursat Nasreddin şanyň yzyndan ýakymsyz ysly inçejik bir sesiň çykandygy hem aýdylýar.

Birleşen türkmen goşuny şol gezek duşmanyň azyk, ok-ýarag getirýän uly goşun bölümini hem tutuşlygyna olja aldy.

Uruş gutarandan soň, Nurberdi han türkmen urşujylarynyň, ýomut-gökleň serdarlarynyň öňünde hoşlaşyk sözüni sözledi. Olara mundan buýana parahat durmuş, öý abadançylygyny arzuw etdi. Şehit bolanlaryň jaýlarynyň jennetden bolmagyny Biribardan dileg etdi. Ätiýaç üçin Dykma serdary öz nökerleri bilen birnäçe günlik şol ýerde galdyryp, özi goşunyň esasy bölegi bilen Ahala gaýtdy.

Ahala gelenden soň ol dyz epmän diýen ýaly Çopan batyry, Öwez baýy, Mahmyt işany we başga-da birnäçe gepi-sözi diňlenäýjek adamlary ýanyna alyp, Sarahsa gitdi. Ol ýerdenem Gowşut han we onuň geňeşdarlary bilen birlikde Mara, Sary hanyň ýanyna ugrady. Gowşut han ýolda oňa Sary hanyň ýanyna iki gezek töwellaçy iberendigini, ýöne, onuň olary diňlemegem islemändigini aýtdy. Bu sözleri eşidip, gahardan ýaňa Nurberdi hanyň süňňi lerzana geldi. Tüňňi maňlaýynyň içindäki ýülükleriniň «larsyldysy» «müňk-müňk» edip daşyndanam bildirdi durdy. Yzly-yzyna ardynjyrady. Ýöne sesini çykarmady.

Sary hanyňka baryp düşlänsoňlar uzaga çekdirmän maslahata başladylar. Öňürti Gowşut hana söz berildi. Ol oturanlary umumy ýagdaý bilen tanyşdyrandan soň esasy gürrüňe geçdi.

— Töwellamyzyň iki gezek yzyna gaýtarylandygy bize elbetde hoş ýakyp duranok. Ýöne, birinjiden-ä döwletlilik nukdaý nazaryndan seretseň ähli türkmen topragy, şol sanda Mary topragam, Murgap derýasam, külli türkmen taýpalaryna deň-derejede degişlidir. Ikinjidenem, Sarahs urşunda Mädemin han öldürilýänçä sizem, bizem Hywa hanlygyna raýat bolup otyrdyk. Mädemin hanyň öldürilmegi, onuň hanlyk goşunynyň derbi-dagyn edilmegi bilen, döwletlilik düzgünine görä, onuň raýatlygynda bolan Mary özüniň ähli hojalyklary we guramaçylyk serenjamy bilen bilelikde meniň hanlygyma degişli bolmaly. Muny siziň özüňizem bilýänsiňiz. Ýöne, biz şu günki güne çenli şol meseläni orta atmadyk. Ganybir garyndaşlar hökmünde bar zady düşünişmek arkaly çözjek bolduk. Biz şu gezegem şol niýet bilen geldik. Gürrüň birek-birege zor salmak barada däl-de, arkalaşmak barada barýar. —Şu çaka çenli köpçülige degişli edip gürläp oturan Gowşut han soňky sözlerini Sary hanyň hut özüne degişli edip, oňa tarap eglibräge-de aýtdy. — Oňyn çözgüdi biz siziň öz agzyňyzdan eşitmek isleýäs, han aga.

Sargylt hem seýrek sakgalyny aksowult, inçe barmaklary bilen dyrmalap oturan Sary han myhman sözüni soňlaýança edep saklap sesini çykarman oturdy. Soňam şol bir sypaýyçylygy bilen, ýöne ýüzüni keseräk sowup, sowuklaç gürledi.

— Bu meseläniň çözgüdini men size öň aýdypdym, Gowşut han. Wekilleriňizden iberipdim. Özem düşnükli edip aýtdym. Düşünersiňiz diýip

aýtdym. Ýöne, ony size ýetirmedik bolsalar onda bilemok... gerek bolsa men ony ýene-de gaýtalap biljek...

Ony hemmeler üns berip diňlediler.Tebigatyna görä ahally batyrlaryň iň gyzmasy hasap edilýän Çopan kir welin saklanyp bilmedi. Ol Sary han sözüni tamamlamanka örboýuna galdy-da, agzyndan tüýküligini syçradyp ulyili blen gygyrmaga başlady.

— Sary han! Seniň wekillere näme diýeniňem, niýetiňem biz gowy bilýäs. Şonuň üçinem, orta goýlan meseläni çözseň-ä çöz, çözmeseňem ony biz özümiz çösýäs!

Sary han welin sarsmadam. Çopan kiriň öz üstüne abanyp gelýändigine garamazdan şol bir durkuny bozman:

— Biz düýn bir zat diýip, bu günem başga bir zat diýip, gepini şemala sowrup ýören adamlardan däl. Biziň sözümizem şol bir söz, gepimizem şol bir gep.

Muňa Çopan kiriň hasam gahary geldi. Ur-tut gylyjyna ýapyşdy. Ýagdaýyň bulaşaryndan howatyr eden ýaşulular, han-begler ýerli-ýerden galkynyşyp, Çopan kiriň öňüne böwet boldular. Döşünden itip sakladylar. Egninden basyp aşak oturtdylar. Käýýediler. Bular ýaly döwlet derejesindäki meseläniň beýdip çözülmeýändigini zoraýakdan diýen ýaly düşündirdiler. Köşeşdirdiler. Nurberdi han bolsa gahardan ýaňa lowurdap duran gözleriniň ýiti nazaryny «garçyldadyp» onuň göreçlerine sançdy.

— Çopan batyr! Bar sen daş çyk-da, birazajyk gezmeläp gel. Açyk howadan dem al. Özüňi dürsäniňden soň ýene geläý. Ýöne, indiki gireniňde ýanyň ýaragsyz gir...

Çopan kir hanyň ýüzüne seredip oturdy-oturdy-da, siltenjiräp çykyp gitdi.

Halaýyk ýene-de Sary hanyň ýüzüne bakdy. Onuň bir zat diýerine garaşdy. Mahmyt işan ondan Çopan kir ýaly gyzma adamlaryň gepi üçin bu adamlardan kine etmezligi, ýüz tutup gelen abraýly adamlaryň töwellasyny kabul etmekligi haýyş etdi. Emma Sary han ýan bermedi. Şol bir diýenini gaýtalap, bir depen ýerini depdi oturdy: «Bizde artykmaç ýer ýok».

Şondan soň türkmen aýdym-saz sungatynyň ussady, meşhur saryk bagşysy Aal bagşy oturan ýerinde yranjyrap bir dyzyna galdy. Ekabyrlaryndan sorap söz aldy.

— Adamlar!.. – diýende, uly-kiçi hemmäniň nazary oňa tarap gönükdi. – Teke-de, sarygam, ýomudam, salyram, ärsaram, külli türkmen taýpalarynyň ählisem bir dogandyr. Hemmesem Gazan babanyň zürýatlarydyr. Ony hemämiňizem bilýäňiz. Eýsemde, bolsa şu zatlary bilibem Allanyň beren bir daban ýerini bölüşibilmän, birek-birege gyjytly sözler aýdyşyp oturmak bize aýp dälmidir. Osoňam uly il biziň agzymyza bakyp otyr. Biz özümiz özara dil tapyşybilmän olary şular ýaly gyrgynçylykly ýoly iterip oturan bolsak, onda

daşarky duşmanlardan dagy aýyp-syn edibem oturmaly däl. — Aal bagşy az-kem aşak bakyp dymyp oturdy-da, sözüni janly tymsal bilen dowam etdirdi. – Men bir gezek Tejeniň aýagyndaky gumda ýerleşýän guýularyň birine toýa bardym. Şonda, öri meýdanynyň üstünde oňuşmadyk iki tiräniň dawasynyň şaýady boldum. Olaryň ikisem ýaraga ýapyşjak boldular. Tas, gyrgynçylyk bolupdy. Ahyram ýörite adam iberip, Hywadan AK işany getirdiler. Bolan işi oňa birin-birin beýan etdiler. Ol şonda iki tarapa-da degişli edip: «Birek-biregi çapmanyňyzda daşardan gelýän ýowuňyz-ýagyňyz azmy? Daşky duşmana ogul alja gyz ýesir bermedigiňiz barmy? Şu agzalalykdan ýaňa bar baýlygymyz duşmana ýal boldy. Arymyzyň, namysymyzyň köýen ýerem az bolmady. Iň batyr, iň mert ýigitlerimiz jeň meýdanlarynda galdylar. Gara ýer-ä siziň dawaňyzy edýä, siz nämäniň dawasyny edýäňiz? Ozaldanam öýle bilen ikindi arasy ýaly gysga ömrüňizi ikindi bilen şam aralygyna getirjek bolup durmaň. Beren amanadyny gerek wagty eýesiniň özi siz somlamanyňyzda-da alar. Onda-da soraşman, size geňeşmän alar. Siz gyssamanyňyzda-da ajal oragyny başyňyzda aýlamasyny goýmaz. Honha, serediň, mazarlaryň öli kepenok. Reňki solanok. Gün-gündenem köpelip gidip barýa. Toba ediň! Gara ýeriň onsuzam iru-giç özüňizden üstün çykjakdygyny unutmaň...»diýdi. Şondan soň hiç kimden ses çykmady. Her kim ýerinden turdy-da, synyny silkip, işli-işine tarap ugraberdi... – Aal bagşy aýalaryny serip öňküsindenem pessaý gürledi. – Men-ä şundan aňyrda gürrüň bardyr öýdemok.

Märeke birmeýdan dymdy. Oturanlar hatda biri-birleriniň ýüzlerine seretmäge-de utandylar. Hiç kimiň söze öňürti başlamana bogny ysmady.

Bu agyr dymyşlygy ahyry Nurberdi han bozdy. Ol çalarak ardynjyrady, çalaragam gozganjyrady.

— Bagşymyz-a dogrudanam aýdara söz goýmady, adamlar – diýibem, usullyk bilen söze başlady. Aşaklyk bilen gapdalynda oturanlara göz aýlady. Hemmeleriň makullaýjylyk bilen başlaryny aşak-ýokary atyşlaryny görübem sözüni dowam etdirdi. – Bize-de Ak işanyň aklyna eýeräýmekden başga alaç ýok. Şu wagt iki türkmen çaknyşsa begenjine telpeklerini göge zyňjaklar kändir. Özüňiz bilýäňiz, Hywa bilen Eýranyň-a ikisem biziň bilen öçli. Onda-da irden bäri öçli. Olaryň üstesine indi Hazar tarapdan çermegini çekip orusam ýetip gelýä. Açyk pyşgyrmasa-da oňňam niýeti şol. Şu ýurda eýelik, türkmene agalyk etmek. Esasy ýaragam hile, al, mekirlik içalylyk. Şoň üçinem adamalr, dosta-duşmana üstümizden güldürmäliň. «Dok eşek bilen köp eşek depişipdir», diýdirmäliň. – Nurberdi han Sary hanyň töweregini gallaşyp oturan saryk ekabyrlaryna tarap ümzük atdy. – Garyndaşlar! Sizem indi mundan artyk gaýra gaýyşmaň-da, çekgä-dartga geläýiň. Şeýtany kalbyňyzdan kowuň. Özüňiz öňki oturan ýeriňizde oturyberiň-de, Murgabyň boş duran kenaryny Sarahslylara beriň. Şeýtseňiz iki güýç bir ýere biriger-de, gaýtam daşky duşmandan goranmagam amatly bolar.

Alkymyndan aýrylmasalar Eýran sarahslylara hezil bermez. Ynjaltmaz. Yzyňyza baraýyň diýsek, Ahalda-da ýer-suw çäkli, o ýerden bular ozalam şol sebäpli gaýtdylar. Indi diňe şu çykalga bar. Beýdip durmaň-da, gaýtam sizem bulara kömek ediň. Ylalaşyň. «Pyçak öz gynyny kesmez», diýipdirler.

Şonuň bilenem mesele çözüldi. Iki doganyň arasyna düşen doň eredi. Şeýdip şol gezekki gepleşik hem, Nurbedi hanyň täsiri bilen uruşsyz, gan dökülişiksiz tamam boldy. Garrygala urşunda türkmenlerden ýeňilen Nasreddin şanyň we türkmen ülkesine göz dikýän ors hökümediniň islän teke-saryk urşy başa barmady.

Şol wagt 1858-nji ýylyň gyş aýlarydy. Ýerde ilkinji, gyrna gar ýatyrdy. Asman durudy. Gün öz şöhlesini Murgap derýasynyň iki kenaryna-da bolluk bilen dökýärdi. Şeýlede bolsa howa sowukdy. Öljümek, ala garly topragyň üstünden, aýazly, çapgyn şemal öwüsýärdi.

Maslahatyň soňy meýlise ýazdy. Ýörite çagyrylyp getirilen salyr, saryk, teke bagşylary biri-birleri bilen dyz kaklyşdyryp, maňlaýlaryny – maňlaýlaryna degrişip uly joşgun bilen aýdym aýtdylar, saz çaldylar. Sazyň soňy söhbete ýazdy. Ondan-mundan, ötenden-geçenden gürrüň edildi. Şol gürrüňleriň hemmesiniňem özeni ýene-de türkmenler üçin şeýle elýetmez hem derwaýys bolan agzybirlik, bir döwlete birigip uly güýje öwrülmek, dünýädäki düzgün-serenjamly döwletleriň arasynda san bolmak, özlerini ýer ýüzüne ykrar etdirmek barada boldy.

Sary hanam kem-kemden açylyşdy. Myhmanlary bilen emin-erkin gürleşdi. Degişdi. Gülüşdi. Üç-dört günläp hezzet-hormat edenden soňam olary sylag-serpaý bilen ýola saldy.

Şeýlelikde, başda Ahaldan-Bäşgaladan gaýdyp, ençeme ýyl bäri Sarahsda oturan tekeler Maryly boldular. Olar assa-ýuwaşdan Murgabyň çep kenarynda ornaşdylar. Nurberdi handan köp-köp minnetdar boldular.

Nurberdi han daşary syýasat babatda hem goluny gowşuryp oturmaýardy. 1859-njy ýylda bolsa hut şonuň tagallasy bilen, Tähranda, Eýran hökümedi bilen türkmenleriň arasynda birek-biregi bimaza etmezlik barada şertnama baglaşyldy.

Emma aslynda «aýy doslugy» ýatan bu şertnamanyň güýji uzaga çekmedi. 1861-nji ýylda Eýran şasy ähdinden dändi we Hemze mürze bilen Gara sertibi baş edip, henize çenli görlüp-eşidilmedik derejedäki uly taýýarlygy bolan, ýetmiş müň serbazyly, altmyş alty toply agyr goşuny hiç bir sebäpsiz ýere Mara ugratdy.

Sarahsdan Mara göçüp, aždarhanyň agzyndan sypandyrys öýden tekeler ýene-de şol bir öňki ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz boldular.

Şol gezekki jemlenen goşun eýran hökümediniň harby mümkinçiliginiň aňrybaş çägidi. Şol goşun hem ýeňiläýse, onda onuň şondan başga hiç hili goşmaça güýji ýokdy.

Gowşut han ýene-de Ahala, Nurberdi hana habar iberdi. Şanyň lebzinden dänmegi Nurberdi hanyň we onuň geňeşdarlarynyň gaharlaryny getirdi. Gazaplaryny joşdurdy.

Nurberdi han şonda haýdan-haý goşun jemledi. Dykma serdary goşunyň Ahalda galýan bölegine baş goýup, özi esasy bölek bilen, nirdesiň Mary diýip, ýola düşdi.

Ugramazlarnyň öň ýany indi Ahalda ýaşap ýören, ýetmiş bir ýaşlaryndaky Ak işan olara ak pata berdi.

— Ähtinden dänen adamyň ahyrýetde jaýy dowzahdyr. Ýöne, nembezlere Hudaý şu dünýede-de göz görkezýändir. Bu-da şanyň tagtyndan taýjakdygynyň alamatydyr. Ýogsam, hiý, şolar ýaly tertipli-düzgünli uly ýurduň şasam bir dagynyk gezip ýören goňşusynyň üstüne öwran-öwran dyzar durarmy? Ýöne, Alla bizdendir! Berk duruň! Agzybirligi saklap, duşmana bilelikde zarba uruň! Şeýtseňiz size ýeňiş ýar bolar, inşalla!..

Mary we Ahal tekeleriniň birleşen güýji tarapyndan çym-pytrak edilen eýran goşuny şol gezek Mary şäherine ýetmänkä, ýeňlip, Porsygaladan yzyna gaçdy.

Elbetde, türkmenler tarapyndanam ýitgi az bolmady. Halk uzak wagtlap bagyr awusyndan aýňalyp bilmedi. Ýöne, her niçik hem bolsa ýeňiş gazanyldy. Türkmen ýaragynyň şöhraty dünýä ýaýrady. Şol gezekki ýeňşi üçin, pereňli syýasatçylar öz ýazan synlarynda Gowşut hany «Beýik serkerde» diýip atlandyrdylar.

Bu ýeňişde Nurberdi hanyňam orny ulydy. Onuň birleşmek, bir güýje öwürilmek babatdaky syýasaty has işjeň häsiýete eýe bolýardy, durmuşa ornaşýardy. Şol zatlar bilen birlikde onuň türkmen il-ulusynyň arasyndaky abraýyny artýardy.

1862-nji ýylda Nurberdi han Ahal dan Mara gezelenje geldi. Onuň şanyna toý tutuldy. Döwletli maslahat geçirildi. Ol maslahata salyr, saryk garyndaşlaram çagyryldy. Şonda Gowşut han Mary hem Ahal hanlygyny birikdirmek, ikisine-de Nurberdi hany han bellemek barada teklip girizildi.

— Şeýtsek, barymyz bir maşgala öwrüleris, öňkümizdenem has gowy ysnyşarys – diýdi. – Egerde makul bilseňiz, Nurberdi han üçin Maryda-da bir öý dikip bereliň. Goý, bu ýerde-de onuň bir maşgalasy bolsun, heran-haçan Mara gelende öz ojagynyň başynda ýatyp tursun.

Ýaşulular Gowşut hanyň bu teklibini biragyzdan goldadylar. Makulladylar. Nurberdi hana maşgala tapyp bermekligem onuň öz üstüne atdylar. Gowşut han geçen ýylky mary-gajar urşunda wepat bolan Annanyň gaýtarmalygyna galan gelni, Töre sokynyň gyzy Güljemal hana mynasyp görýändigini aýtdy. Güljemaly

şol wagt agasy Hangeldi sokynyň öýünde ýaşaýardy. Ol gajar urşunda gelin-gyzlara baş bolup, uly gahrymançylyklar görkezen gelindi.

Şeýlelikde, Nurberdi han Marynyňam hany boldy. Öýlendi. Üç günläp toý tutuldy. Hemmelere ortalyk ýer hökmünde onuň täze öýüni Baýramalyda tutdular. Mülk berdiler.

Şondan soň ozaldanam meýil bildirip ýören ýomutlardyr-gökleňlerem, saryklardyr-salyrlaram birleşen Ahal-Mary hanlygyna alynmaklaryny haýyş etdiler. Olaryň haýyşlary höwes bilen kanagatlandyryldy. Buhara emirligine raýat bolup oturan ärsary türkmenleriniň arasynda-da Nurberdi hanyň abraýy artyp başlady. Olaram özleriniň geljekki ykballarynyň oňyn çözgüdiniň birleşen Türkmen Hanlygyndadygy barada pikir edip başladylar.

Netijede, türkmen halky bir bütewi döwlete öwrülmekligiň ilkinji basgançaklaryna gadam goýdy.

Mundan heder eden, şeýle hem Garrygalada, Maryda bolan uruşlardan elheder alan eýran serkerdeleri birbada hemişeki edýänje çapawulçylykly hereketlerinden el çekdiler. Çekindiler. Emma, bütinleý bes etmediler.

Barlag-serenjam işlerini bahanalap birsyhly süýşüp gelýän ors goşunlaryna bilelikde garşy durar ýaly, Nurberdi han Hywa hanlygy, Buhara emirligi bilenem gepleşikler geçirdi.

Şol gepleşikleriň netijesinde, 1868-nji ýylda Buhara emirliginden Mara şeýle mazmunly hat geldi: «Orslar ýetip gelýärler. Olar Kokandy, Daşkendi aldylar. Indi gezek biziňki. Sizden kömege garaşýarys».

Gowşut han bu haty Nurberdi hana ýollady-da, özi bir bölek goşun bilen Buhara tarap ýola düşdi. Emma, urşa girmeli bolmady. Zerbulakdaky söweşde Buharalylar ýeňildiler we general Fon Kaufman bilen ýaraşyk baglaşdylar.

Gowşut han goşuny bilen yzyna dolandy.

Şondan soň, Nurberdi han ähli ünsüni kem-kemden süýşüp gelýän orslara bakan gönükdirdi we birnäçe taryhy hereketleri amala aşyrdy.

Egerde Gökdepe urşunda ýeňilen ors goşuny birnäçe wagtdan soň özüni dürsäp, täzeden gaýdyp gelse-de, ak patyşa täzeden, has güýçi, başga bir goşunyň başyny jemläp iberse-de, bu gezek onuň serkerdesi hanlyk eden ýyllarynyň ählisini şular ýaly başyndan ot sowrup, gylyç gemrip geçiren, dogumly, edenli hem gaýratly, mert adam, şeýle-de geçen urşa ýolbaşçylyk edip ýeňiş gazanan Berdimyrat hanyň kakasy – Nurberdi han bilen çaknyşmaly bolar.

## 1. Duşuşyk

Ahally bilen Enehakyda öňem duşuşýardylar. Ýöne, soňky döwürdäki iliň başyndan inen agyr apat şahsy duýgulara ýer goýmandy. Käte bir tötänden duşup aýak üstünden salamlaşaýmasalar oňly gepleşibem bilmändiler.

Gazaply söweşlerden soňky ululy-kiçili aladalar sowlup, ilat ýeňillik bilen dem alandan soň, Ahally maý tapyp, Enehakydany duşuşyga çagyrdy. Gyz razylaşdy, ýöne, atasynyň halynyň peselýändigini, häli-şindi oýanyp özüni soraýandygyny, şonuň üçinem, uzak eglenip bilmejekdigini duýdurdy.

Olaryň ikisem şonda öz ýanlaryndan etjek gürrüňleri turuwbaşdan geçen uruş, ondaky çekilen zyýanlar, pidalar, halkyň, ýurduň indiki ykbaly barada bolar öýdüpdiler. Emma bar zat düýbünden başgaça boldy. Birek-birege gözleri düşenden göwünleri gobsundy, ganlary gaýnady, ýürekleri joş urdy, iki göwre birleşdi, bütin dünýä, onuň ähli muşakgatlyklary unudyldy, leb-lebe, göwüs-göwse, ýaňak-ýaňaga goýuldy. Gep-gürrüň asla geregem bolmady. Düýn-öňňinem aldym-berdimmi söweşlere gatnaşyp, gan-kök basgylaşyp ýören, ýüzleri gazaply, gözlerinde ot ýanyp duran ýaşlar şü, diýseň ynanar ýaly bolmady.

Söýgülisini bagryna basyp tolgunmakdan ýaňa uýluklaryny saňňyldadyp duran ýigidiň sesem sandyrady.

— Ýagdaýlaryň gowumy, mähribanym?

— Beý diýmesene...

— Näme diýmäýin?

— Mähribanym, diýme.

— Näme üçin?

— Utanýan.

— Näme üçin utanýaň? Kimden utanýaň?

— Bilemok.

Ýumşak, gaba hem ter mämeleriň howur gatyşykly gyzgyn mähri ýigidiň endamyna ornap, hyjuwyny hasam joşdurdy.

— Onda eýjejigim diýäýeýin?

— Onyň-a ondanam beter.

— Wiý, onda näme diýeýin?

— Bilemok.

— Bu näme, bir zat diýsem, «bilemok» diýip dursuň-la?

— Bilemok.

— Ýeri bolýa-da. Ýene bir zat soraýyn welin, şoňa bir bilemok diýäýme.

— Hany sora, göreli.

— Haçan toý edýäs?

— Bilemok.

— Beh!..

— Hä, näme?

— Aýdaý-da, belli jogap beräý-dä.

— Bu belaýygerdanyň apyla-sapylasy bir sowulsyn ahyry.

— Urşuňmy?

— Howwa.

— Wiý, sowuldy ahyry.

— Ýok, entek doly sowulanok. Uly il ýas içinde.

— «Toý bilen ýas bile geler»diýipdirler.

— Ol-a şeýle welin, bu ýerde gürrüň bir ýa iki maşgalaň däl-de, tutuş iliň ýasy barada barýar. Iň bolmanda bir ýyl bir geçsin. Şehitleriň sakytlary sowulsyn.

— Ba onda, şeýdäýeris. Garaşaly diýseň garaşýarys. Men seniň üçin näçe garaşmalam bolsa kaýyl. Hatda, ömrüm ötýänçä garaşmalam bolsa garaşaryn.

— Goýaweri oglan, agzyňy haýyr açaweri, hiý, oňňalam bir zat bormy. Ömür ötensoňam bir wysal bolarmy. Men ýöne ýagdaýa görä bolaly diýjek bolýan. Onsoňam... Atamam şol ýagdaýda.

— Ataň aýak üstüne galyp gider enşalla.

— Belki...

— Enehakyda?..

— Hä, näme?..

— Men köpden bäri bir zadyň pikirini edip hiç aňyrsyna ýetip bilemok.

— Näme ol?

— Men aýdýan, egerde, geçen uruşda ýeňiläýen bolsak, Enehakyda ikimiziň ykbalymyz nähili borduka, diýýän.

— Egerde ýeňiläýen bolsak, onda ýeke ikimiziň däl, tutuş ýurduň, il-günüň ykbaly tersine çöwrülerdi. Baknalyk başlanardy, türkmençiligiň, erkanalygyň soňy gelerdi. Iň ýamanam anty kim çyny bile içdi, kim ýalandan içdi, şol belli bolardy, Kurandan ätlemekdenem beter has agyr synaglar başlanardy. Ýöne, bu wagt o zatlaryň pikirini etmäli. Ras, ýeňdikmi, bize şol bes! Mundan buýana görkezmesinem şol zatlary, salyp synamasynam. Hiç kim duşmandan ýeňlip içen antyndan dänmeli, duşmana gulluk etmeli bolmasyn.

— Men senden ýene bir zat sorajakdym, Enehakyda.

— Soraber...

— Sen bir wagtlar: Ruhy batyr maňa söz aýtdy, menem oňa: sen menden gaty görme, sebäbi, men seni doganym hökmünde gowy görýän, çünki, ikimiz bir öýde ösüp ulaldyk, diýip, jogap berdim diýipdiň...

— Howwa, diýipdim. Men ony saňa aýtmaklygy özüme borç hasap edendigim üçin aýdypdym. Başga birinden eşitse göwni ynjar goý, gowusy özümden eşitsin, diýipdim.

— Düşünýän... Ýöne... Egerde bir öýde ösmedik bolsaňyz sen oňa hoş söz berermidiň?

— Sebäbi, ol wagt eýýäm, meniň durmuşymda sen bardyň ahyry. Men şonda oňa şonam aýtdym. Sen munam bilýäň.

— Dogry, aýtdyň, ýöne, doganyň hasap etmäniňde saňa onuň nämesi ýaraýar?

— Maňa onuň hemme zadam ýaraýar. Meniň aňymda ol hemişe gadymy rowaýatlardaky gahrymanlaryň keşbinde görünýär.

Ahallynyň kalbynda gabanjaňlyk duýgusynyň ilkinji uçgunjyklary köpräp gitdi.

— Her näme diýseňem sen ony entegem gowy görýäň, Enehakyda...

— Men muny senden gizlämog-a. Sebäbinem aýtdym.

— Ol size entegem gelýämi?

— Gelýä, ýöne seýregräk gelýä.

— Be-e... Şeý diýsene... Gelýä diýsene...

— Sen näme bu gün gürrüňiň soňuny Ruhy batyra syrykdyryaýdyň-la? Ýa gabanýaňmy? Maňa ynanmazçylyk edýäňmi? Göwnüňe güman gidýämi? Eger şeýle bolsa bilip goý: Birinjiden-ä men özüme ynanmazçylyk edilse gaty görýän, çünki, bu meniň mertebämi peseldýär. Ikinjidenem, egerde Ruhy batyry söýjek bolsam, şeýle mümkinçilik mende boldy. Şol mümkinçilik mende häzirem bar. Şol mümkinçilikden peýdalanaýyn diýsem, meni hiç kim, hatda senem saklap bilmersiň. Ýöne, senem maňa hiç kim, zor bilen söýdürenok. Özüm söýdüm. Onda-da ýüregim bilen söýdüm. Şonuň üçinem, meň bilen beýle terzde gürleşme.

Ahally oňaýsyz ýagdaýa düşdi. Aljyrady.

— Aýdýanyň näme, Enehakyda! Hiý menem bir seni gabanarynmy? Onda-da Ruhy batyrdan. Gabasam onda meniň özümi ondan pes saýdygym bolar ahyry.

— Şol wagt horaz gygyrdy. Enehakyda çiňerilip Gündogar sary seretdi. Gyssanyp başlady.

— Hi-iýh, eýýäm daň saz berip başlapdyr. Men gideýin. Atam oýanandyr. Meni gözläp başlandyr. Hä diýmän, adymy tutup gygyrybermegem ahmal.

— Menden öýkeläp gidýän-ä dälsiň?

— Ýok, öýkelämok, ýöne ýaňky ýaly bolgusyz gürrüňleriň bilen ýürege düşjek bolsaň meni duşuşyga çagyrma. Toýa çenli görüşmänem oňarys.

Ahally gyzy iň soňky gezek, uly hyjuw bilen bagryna basdy.

— Bagyşla ezizim. Indikide beýtmen.

Gyz ýylgyrdy. Çytyk gaşlay ýazyldy. Ýüzi açyldy.

— Ýeri bolýa-da.

— Indi haçan duşuşarys?

— Bilemok.

— Ana, ýene şol bilemok-da...

— Weý, bilmesem «bilemok»bor-da...

— Men onda özüm habarlaşaýaryn-da...

— Bolýa...

— Hoş onda...

— Hoş...

Aýrylyşdylar. Ahally tä, gyzyň garamtyl sudury gözden ýitýänçä yzyndan garap durdy. Hä diýmänem daň atdy. Jahan ýagtyldy. Gün dogdy. Düýn-öňňünjik agyr apaty başyndan geçiren ahal topragy ýene bir güni asuda garşylady. Daş-töwerekde hereket başlandy. Ondan-mundan sygyrlaryň molaşýan eşekleriň aňňyryşýan sesleri eşidildi. Ondanam aňyrrakda bir ýerde düýe bagyrdy.

Gündogarda bolsa Gökdepe galasy elesläp otyr. Onuň içindäki Diňlidepäniň üstünde, jeň güni özüne uly umytlar bagladan, emma tamany ödemedik mis top henizem nilini dik ýokary tutup dur. Ol şondan soňam telim wagtlap şol duran ýerinde idegsiz-soragsyz hekgerdi durdy.

## 2. Iwaşow ýesirlikde

Uruş bolan gününiň ertesi Gün gyzar ikindine golaýlaberende, türkmenler ähli merhumlaryny jaýlap boldular. Meýdanda diňe soldatlaryň jesetleri galdy. Ekabyrlar olaram jaýlamak barada buýruk berdiler. Bu iş üçin ýörite toparlar döretdiler.

Türkmenleriňkide bolşy ýaly soldatlaryňam ölüdir öýdülenleriniň arasyndan dirileri, çalajanlary çykýardy. Ekabyrlar olaram ýygnamak, gala eltmek, ýaralaryna em etmek, seretmek barada görkezme berdiler.

Şol çalajanlaryň birem Enehakydanyň elindäki kepjäniň urgusyndan soň usurgap özünden giden soldat Aleksandr Iwaşow. Ol gijäniň ýaryna çenli öli ýaly gymyldaman ýatdy. Soň az-kem herekete geldi. Bar zat gümürtik, oýalykmy, düýşmi belli däl ýagdaýda geçdi. Soldat arkan ýatyp iňledi, ýüzün düşüp ýer dyrmalady. Nirädigine, näme üçindigine akly çatmasa-da, öňemi, yzamy, garaz bir ýana süýşjek boldy. Özem şeýle bir suwsaýa welin, hiç çydar ýaly däl. Tä, daň atýança ejesi suwly jamy göterip daşyndan aýlandy ýördi. Şunça içirjek bolýa welin, hiç bolaýanok. Tebsirän dodaklaryny suwa basýaram, birhili içýän ýalam bolýa, emma aňyrsyna barýan zat ýok. Teşneligi gananok. Birdenem özüne gelen ýaly bolýar-da, gözüni açýar: Tüm garaňkylyk. Asman. Petreşip duran ýyldyzlar. Çöp-çalamlyk. Gaty ýer. Daş-töweregi bolsa biri-birlerine kaklyşyp ýatan meýitlerden doly. Iwaşow ýaraly kellesine zor salyp özüniň nirededigini biljek bolýar. Soň aňyny dörjeleýär. Bu ýerde näme üçin beýdip ýatandygyny ýadyna saljak bolýar. Emma hiç zat hakydasyna gelenok. Ol asla özüniň özüdiginem bilenok. Huş işlänok. Şeýdibem, gör indi näçenji gezekdir özünden gidýär. Bir haýukdan soň huşuna gelip, ýene-de daş-töweregine göz aýlaýar. Sermenýär.

Tüpeňini gözleýär. Soldatlaryň seslerini olaryň öz ene dilinde sözleýişlerini eşitjek bolup diňşirgenýär.

Ine-de daň atdy. Gün dogdy. Onda-munda adam sesleri eşidilip ugrady. Ýöne, Iwaşow olaryň näme diýýändiklerine düşünenok. Sesler welin kä güýçlenýär, kä peselýär. Käte uly goha-galmagala öwrülýär. Birdenem jarçynyň sesi eşidildi. Iwaşow onuň-a nämedigine-de düşünip bilmedi. Käte bir gözüni açsa ümezli gözleri iki baka haýdaşyp ýören adamlary edil dumanyň içinde çalarak saýgarýar. Näme bilen meşgul bolup ýörendiklerini welin aňşyranok. Bir gezeg-ä ol: ölendirin-de o dünýä düşendirin diýibem oýlandy. Günüň guşluga galyp, howanyň erbet gyzmagy bilen ol ýene-de özünden gitdi.

Ony Tilkiçi şahyr tapdy. Egnine göterip gala getirdi. Soldatlar meselesine ýolbaşçylyk edip ýören Gulbatyr serdar ony Baýramgül tebibiňkä elmekligi tabşyrdy.

Baýramgül tebibiňkide Enehakyda hem bar ekeni. Ol o ýere ýaraly ýigitlere em edişmäne barypdyr.

Enehakyda öz «awuny» görenden tanady. Emma sesini çykarmady. Gaýtam Baýramgül tebibiňkide ýer ýokdugy üçin soldaty öz öýlerin eltmekligi Tilkiçi şahyrdan haýyş etdi.

Şahyr Iwaşowy öýe salyp, Hakyda mollanyň çat maňlaýynda, işige golaýrak ýerde ýatyrdy. Ýüzüniň – gözüniň ganyny ýuwdy. Köne-küşül köýnek balak tapyp, gana boýalan eşigini çalşyrdy. Şondan soň soldat çalarak gözüni açdy. Derrewem ýumdy.

Ol diňe şol günüň ertesi, ýöne, ymykly özüne geldi. Gözüniň açyp görenem gara öýüň tüýnügi, ondan düşýän sarymtyl, naýzapisint şöhleler boldy. Tüýnükden aşakdaky ýarym aýlaw uklaryň barysynyň ýokary ujy baryp şoňa birikýär, ýagny ony göterip dur. Olaryň ikisinem atanaklaýyn egri taýaklardan ybarat tärim saklap dur. Ol öýüň diwary hökmünde hyzmat edýär. Tärime haly çuwallar, torbalar gerlipdir. Tärimden asylgy öý goşlary başga-da kän. Olaryň bíriniň duz torba, beýlekisiniň çemçe torbadygyny, çuwaldyr-torbalaryň bolsa egin-eşik kersen, çanak diýen ýaly öý goşlaryny saklamak üçin ulanylýanyny Iwaşow entek bilenok.

Gara öýüň özüni welin, ol ýaňy görmeli däl. Ýörişiň bütin dowamynda goşun ýolbaşçylarynyň ählisi diýen ýaly şulara meňzeş gara öýlerde ýaşapdylar. Düşlenen ýa ugraljak wagty soldatlar olary örän çaltlyk bilen gurnaýardylar, derrewem sökýärdiler-de, uk, tärim, tüýnük, hersini aýratynlykda tygşytlapjyk düýä ýa-da araba ýükleýärdiler. Daşky keçedir-gamyşynam dolaga-da şol zatlaryň üstüne basaýýardylar. Bu hünäri olar entek Çekişlerde bolýan wagtlary ýerli türkmenlerden öwrenipdiler.

Ýöne, ine, töründe, iki gat ýumşak düşekçäniň üstünde aýbogdaşyny gurap, özüne tarap nebsiagyryjylykly seredip oturan ak sakally, ak gaşlary gözleriniň

üstüni örtüp duran tegelek ýüzli, süňkleri irimçek goja welin oňa düýbünden nätanyş.

Iwaşow başyny ýerden göterjek boldy. Özüniň nirededigini, bu ýerlere näme üçin we nädip düşendigini gojadan sorajak boldy. Ýöne, kellesini galdyrmag-a däl, asyl gymyldadybam blmedi. Ýöne, her niçik hem bolsa dodaklary welin gymyldady. Oňa jogap berýän ýaly Hakyda mollada dodaklaryny gymyldatdy. Ýerinden turup geldi-de, dik duran ýerinden Iwaşowyň ýüzüne seretdi. Synlady. Onuň tebsireýänini bilip agzyna suw damdyrdy. Iwaşow agzyny tamşandyrdy. Gojanyň:

– Başyňam-a ýaş ekeni köşek. Öýüňdejik oturyberseň bolmadymy, eneň berenjesini iýip, içip... – diýenini eşitdi. Ýöne düşünmedi. Bir oýuna gelen zat o-da: «Biz ýeňendiris-de, bularam biziň hyzmatymyzy edip ýörendirler» diýen pikir boldy. Ýöne, munuň beýle däldigine ol basym göz ýetirdi. Çünki, hiç ýerden tanyş ses ýa aýdym, iň bolmanda dagystanly meýletinçileriň gohlary ýa ýeňiş sazyny çalýan orkestriň owazy, hiç zat eşidilenok.

Şol wagtam işikden Enehakyda girdi. Oňa gözi düşenden Iwaşowyň ozaldanam ejir çekip ýatan ýüregi sarsyp gitdi. Kalbyna gozgalaň aralaşdy. Gyzyň görmegeýligi, ýüzünden, gözünden dökülip duran yssy mähir, ony haýrana galdyrdy. Ýolboýy äsgermezçilikli gürrüňler bilen eýi ýetirilen, çarwa, çomry diýlip kemsidilen halkyň içinde şeýle owadan gyzyň, şeýle peşeneli perişdesypat, çyn ata deý mähriban arassa ýaşulynyň bolmagy, ony iňňän geň galdyrdy. Onuň göz öňüne getirişine görä, bu yssy hem döwletsiz, ülkäniň bisowat halkynyň ulusy-kiçisi, aýal-erkegi ýüzi, endamy gara ýanyk, dodaklary uly hem-de jaýryk-jaýryk, boýunlary garagäz, gulaklarynyň arkasy kir, aýaklary gatbar-gatbar çor, şylha eşikli, gorkak, hapysa, ejiz, medenýet babatda hatda ýomutlardanam kän pes, adam sypatynda gezip ýören mahlukmy, jandarmy garaz şoňa meňzeş bir zat bolmalydy. Emma, ine, şu wagtky gözi bilen görüp duran zatlar çyn bolsa-ha onda Iwaşowyň bu halk baradaky düşünjesi düýbünden ýalňyş. Tekeler barada soldatlara asla dogry maglumat berilmändir. Olaryň taryhy, medenýeti barada hiç zat aýdylmandyr. Dogry, çözuşyň öň ýany, goşun Bendesende durka, türkmenleriň äsgermezçilik etmeli halk däldigi, olaryň gaýduwsyzdygy, ýyldyrym ýaly atlarynyň bardygy, gerek wagty gelin-gyzlarynyňam söweşe girişip bilýändigi barada aýdylypdy. Ýöne, barybir soldatlar o zatlara üns bermändiler.

Ýaşuly bilen birki agyz gepleşip, gyz ýene-de çykyp gitdem welin soldatyň başyndan duman sowlan ýaly boldy. Agyr ýüküň aşagyndan çykan dek tisgine-tisgine uludan dem aldy.

Şondan soň ol ýene-de aňyny dörjeläp ugrady. Gözleriniň öňünde gala tarap gaçyp barýan teke ýigitleriniň ýeňseleri peýda boldy. Soň olaryň öňünden ala-galmagal bolşup, gollaryny galgadyşyp, ýumruklaryny düwşüp gelýän aýallaryň

gaharly, derden ýaňa burjy baglap duran ýüzleri göründi. Köp wagt geçmänkä, ýigitleriňem ýeňseleri aňry, ýüzleri bäri öwrüldi. Kem-kemdenem golaýlaşdy. Golaýlaşdyklarysaýam soldatlaryň ädimleri ilk-ä haýallady, soňabaka bolsa bütinleý durdy. Dykyn emele geldi. Hiç hili hereket edere maý bolmady. Ýap-ýaňyja-da: «Ur-ra-a...» diýşip, öňe bakan eňişip barýan soldatlar indi öňe gitmekden elli bizar, duran ýerlerinde gorsanyşa-gorsanyşa zordan yzlaryna öwrüldiler. Iwaşowam öwrüldi. Birdenem, barysy bilelikde, başly-barat, etek alty, ýeň ýedi, sozanda-guýruk bolşup gelen ugurlaryna bakan eňdiler. Iwaşowyň, gözleriniň öňünde soldatlaryň aksowult sary saçly, künji sepilen ýaly gara menekli çypar, derçiräp duran gyzyl ýeňseleri salgym atdy gitdi oturdy. Ýeňseleriň welin hemmesi deň däl. Käbiri ýogyn, käbiri inçe, käbirleri gös-göni, käbiri bolsa ýa çepe, ýa sag tarapa gyşaryp dur. Olaryň beýikligem deň däl. Käbiri Iwaşowyň gözleriniň deňinde bolsa, käbiri ho-ol, aşakda, giň ýakanyň içinde iki ýana «holtuldap» barýa. Ýokarda görünýän boýunlar ýaka zordan sygýar. Edil şol wagt Iwaşowyň ýeňsesi gyzyp gitdi. Yzyna öwrüldi. Öwrülişi ýalam Günüň ýiti şöhlesi gözlerini gamaşdyrdy. Ýazzy maňlaýynda bir garanyň iki ýana hallan atyp durşam çalaja ýadyna düşýär. Ýöne ýüzi kessir degen ikinji urgy ony eýýämhaçan depesini gaplap alan garaňkylyk ummanyna oklady.

Şondan soň ol nämeleriň bolup geçenini, nirede, näçeräk ýatanyny, kim tarapyndan ýygnalanyny, bu ýere haçan, nädip getirlenini bilenok.

Ýöne, indi bilýär. Ol şol gezekki yza çekilişikde ýaralanypdyr, özünden gidipdir. Goşun bolsa ýeňilipdir. Özüni türkmenler ýygnapdyrlar, indem bakyp, bejerip ýörler.

Ýene-de Enehakyda gapydan girdi. Onuň yzy bilen Baýramgül tebibem girdi. Olaryň ikisem gelip Iwaşowyň gapdalynda çökdüler. Biri-birlerine kömekleşip, ýarala em etdiler. Sargysyny täzelediler. Melhem ýapdylar. Şeýdibem turup gitdiler. Enehakydanyň çomuç deý dykyz, ak bilekleri, sülük ýaly barmaklary melemtil sazlary, sarymeňiz ýüzi Iwaşowyň gözleriniň öňünde soň-soňlaram gaýmalady ýördi. Asyl şol owadan barmaklaryň degen ýerinde ol hiç-hili yza duýmady. Em edip oturan wagty goýnundan göterilýän ýakymly ys bolsa ony edil, sallançaga salyp üwrelen ýaly meýmiretdi. Demi ýüzüne düşende gyz öz salan ýaralaryny öz eli bilen aýryp goýberen ýaly boldy. Adam dertli wagty kalbynda yşk dörese, derdiniň dessine dep bolup gidýändigini ol şonda ilkinji gezek duýdy. Yşk bolsa sen sagmy ýa hassamy, ýesirmi ýa baýarmy, seljerip durmaýar ekeni, soraşyp gelmeýär ekeni, wezipä ýa baýlyga, garyplyga ýa milletiňe-de parh goýmaýar ekeni. Çägi, serhedi, kadasy, kanuny, ölçegi bolmaýar ekeni. Mahlasy o-da bir özünden beýleki dertleriň ählisini bir demde dep edibilýän elhenç bir dert ekeni.

Yzanyň yşk garyşykly derdinden ýaňa melul bolup ýatan bimar ýigit bir görse hälki goja üstüne abanyp dur. Ine-de ol aşak oturdy. Egilip, Iwaşowyň ýüzüne gör indi näçenji gezekdir, siňe-siňe seretdi. Ak kirpikli, asman deý dury hem gök gözleriň özüne naýynjarlyk bilen bakýandygyny görübem:

— Ýagşymysyň? – diýdi.

Iwaşowyň ýadyna Çekişlerde bolan wagtlary söwda-satyk bilen golaýdaky obalardan lagere gelýän ýomutlaryň öz zatlaryny öwende: «ýagşy, ýagşy» diýişýändikleri düşdi. Diýmek gojada ondan «ýagşymy, ýagdaýyň gowumy», diýip soraýan bolmaly. Gojanyň aýdan ilkinji sözüniň özüne tanyş söz bolup çykandygyna soldat diýseň begendi. Geleli bäri ilkinji gezek hoşroý ýylgyrdy.

— Ýakşy-y...

— Bolýa, ýagşylaşýan bolsaň bolýa.

Soldat onuň bu sözünem jogapsyz goýmady.

— Bolýa, ýagşylaşan bolýa...

Goja: «Bu gezeklikçe seni mundan artyk gynamaýyn», diýýän ýaly iki elinem ýere diräp galdy. Öz düşegine geçdi. Ýöne, şol oturan ýerindenem soldaty synlamasyny bes etmedi. Onuň nazary bedenindäki argynlygy aýyrýan ýaly, syrkaw kem-kemden gözüni ýumdy. Uklady. Öýden çykaly bäri köplenç bolşy dek, ol bu gezegem obasyny, ejesini, Orsýetiň owadan, ýaşyl ýaýlalaryny, başy çüri, düýbi ýazgyn, owunjak pürli gaba agaçlary, sümme tokaýlyklaryny gördi.

Üç-dört günden soň Iwaşow aýaga galdy. Şondan soň ony Hakyda molla bilen duldegşir goňşy oturan Baýramgül tebibiň samanhana hökmünde ulanýan kiçijik kepbejigine geçirdiler. Aşagyna saman düşäp, üstünden, köneje kilim ýazdylar. Gijesine üstüne atynar ýaly deşiklerinden ýüňleri çykyşyp duran elhalja ýorgançajygam berdiler. Ahally bolsa gelip onuň aýagyna gandal urup gitdi. Bu ekabyrlaryň buýrugy: Soldatlary bejermeli, girip-çykmana ýaransoňlar «Abdylla ussadan gandal alyp, aýaklaryny baglamaly. Soň özüniňkilere tabşyrmalymy, çalyşmalymy ýa saklabermelimi, görübiris», diýdiler.

Egninde ýolboýy geýip gelen harby eşikleriniň ýokdugyny Iwaşow samanhana geçip, özüni gowy dürsänden soň bilip galdy. Çiginýaka ak köýnegini, aýagyndaky gyýma gara balagy içgin-içgin synlady. Ol eşikler megerem, şol perişdesypat gojanyň çalşyrgyçlary bolsa gerek, hopul-sopul bolup dur. Häli-şindi ezenegi agýar. Balagy aşak gaçýar. Şonuň üçinem bir eli çermeginden aýrylanok. Uçguryny dartyp daňmany öwrenenden soň welin gulagy dyndy. Gytyk tüýi gaçandygy sebäpli kä ýeriniň derisi görnüp duran, kä ýeriniň bolsa tüýjagazlary sallanyşyp ýatan ýatyş telpejigem ullakan kellesiniň bir ýan şahyna zordan ilişýär. Kellesi gyzyberdigi ol ony ur-tut beýleki şahyna geçirýär-de, «hyrt-hyrt» edip, barmaklarynyň ujy bilen gaşanýar.

Uruş wagty galanyň içinde nähili elhençlikleriň bolup geçendiginem Iwaşow aýak üstüne galandan soň bilip galdy. Ýasa batan iliň agyr halyny, täze dörän mazarlaryň ummasyz köplügini, çagşaşyp ýatan gara öýleriň gözgyny keşplerini, çöwrülen tümleri, top okunyň emele getiren çukurlaryny, pytraşyp ýatan snarýad gyýçaklaryny, ok syçrantgylaryny görmek üçin daş ýere gitmek gerek däl. Aýak basan ýeriň şolar ýaly zatlardan doly. Galanyň içini diýseň gorkunç görkezýän şol berbatlyklar üçin özüniňem günäkärdigini duýmakdan ýaňa Iwaşow juda bir tebigy zerurlyk ýüze çykaýmasa daş-iç çykmaga-da gorkýar. Iň bolmanda çekinýär. Şonuň üçinem, samanyň üstünde iki dyzyna çökýär-de, bir burça bakyp ýetişibildiginden çokunýar. Günäsiniň geçilmegini Biribardan haýyş edýär.

Soňabaka ol «patdyk-sutduk» türkmençe geplemänem öwrendi. Esasy gürrüňdeşem Hakyda molla. Ol oňa irden turup salam berýär. Onuň çalgyrt gepleýşi Hakyda molla ýaraýar. Hoşuna gelýär. Şonuň üçinem, salamyny alanda çalaja ýylgyrýar. Muňa Iwaşowyň depesi göge ýetýär. Diýmek, goja öz ýesirini ýigrenenok. Dogry, gowam görüp barýan däldir welin, göz-görtele ýigrenibem baranok. Ol asla hiç kimdenem ýigrenç ýa ezýet görenok. Ýogsam olaryň islendigini ony urmaga-da, sökmäge-de, hatda öldürmäge-de haklary bar. Ýöne, olar ony edenoklar. Gaýtam, gandalyny süýräp gapylaryndan geçip barýanyny görseler nebsiagyryjylykly seredýärler, döwüm-dişlem nan ýa bir käse süýtdir-gatyk berýänlerem bolýa. Olar muny sogap iş hasap edýärler.

Howwa, ol ilki salam bermäni, soň «nan», «suw», «öý», «tamdyr», «kepbe», «işik», «namaz» diýen ýaly sözleri öwrendi. Şeýdibem gidiberdi. Golaýda bir ýerde Hajy diýip, dagystanlylardanam bir türki dilli ýesir bar ekeni. Zynjyryny şakyrdadyp ol her gün şonuň ýanyna gatnady. Ol munuň dil öwrenmek meselesini hasam aňsatlaşdyydy. Hiç kim oňa ol ýere «gitdiň», «geldiň» diýip, azar bermedi. Gaçmak barada welin olar pikirem edenokdylar. Asla, «gidiber» diýenlerinde-de gitjek ýerleri ýok. Özüniňkileriň-ä haýsy tarapdadygynam bilenoklar. Ýa, Alla, diýip, gyrmyldaberselerem hol ýere barmankalar tutuljakdyklaryna şek ýok. Tutlmaýanda-da açlykdan ýa suwsuzlykdan öläýmeklerem ahmal. Bu ýerde bolsa iň bolmanda aç, suwsuz-a bolanoklar. Gyzgynjak bir zat bişirseler ondanam dadyryp durlar. Ýatara ýeriň, düşegiň bar. Şonuň üçin Hajam, Iwaşowam gaçmak barada pikirem edenoklar. Öz dilinde gepleseň gowy görýändikleri ýesirler üçin hasam amatly boldy. Esasanam çagalar, ýetginjekler olar bilen gürleşmäni gowy görýärler. Käbir sözleri ýoýup aýdyşlaryna hezil edip gülüşýärler. «Hany pylan zat diý, pismidän diý», diýip, daşlarynda jowlan urýarlar.

Käte Hajynyň özi Iwaşowyň ýanyna gelýär. Kepbe eýesi Baýramgül tebip oňa: «Ýanyňdakyny ýok et» diýip, azgyrylanok. Hakyda molla-da, Enehakyda-da hiç zat diýenok. Gaýtam, käte günortanaralar unaş ýa ýene bir zatjyk jazyrdatsalar

ol ikisine-de bir okarajyk guýup berýärler. Hajynyň hem orsça, hem türküçe gepläp oturşyna geň galýarlar. Bir gezek Baýramgül tebip oňa:

— Diliň-ä türki, özüňem türke meňzeýäň, şu bolşuň bilen sen nädip düşüp ýörsüň bularyň arasyna? – diýdi.

Hajy bir zatlar diýjek boldy. Ýöne, düşündirmesi kyn bolar öýtdümi, nämemi, çalarak ýylgyrdy-da, aşak bakdy oňaýdy. Ol ýigidiň dagystanlydygyny özleriniňem musurman, üstesine-de türki halkdygyny, ýöne olaryň bireýýäm Orsyýediň gol astyna düşendiklerini Enehakyda soň bir gün Baýramgül tebibe düşündirdi.

Galanyň içinde özlerinden başga-da ýesir düşen soldatlaryň bardygyny Iwaşow Hajydan eşitdi. Ýöne, olaryň nirede, kimiňkide nähili ýagdaýda saklanýandyklaryny welin Hajynyň özem bilmeýän ekeni.

Merhumlaryň kyrkyny sowup bolanlaryndan soň, Ahal ilaty Diňlidepäniň ýanyna ýygnanyp, uly sadaka berdi. Oňa ýesirlerem çagyrdylar. Dogry, olary edil üstlerine baryp çagyranoklar-da: «Kimde ýesir bar bolsa, olaram eltip naharlasynlar ýa özlerini ibersinler» diýdiler. Hojaýynlary Iwaşowa-da: özüň gidiber diýdiler.

Çermegini çekip, pozzamja telpegini o şahyndan bu şahyna süýşürip, dähedem-dessemläp barýan ýesir soldat Aleksandr Iwaşow märekä golaýlandan ak kirpiklerini gypyrjykladyp göz astyndan Hajyny gözledi. Ahyram tapdy. Ýanyna bardy. Sessiz-üýnsiz gapdalyna çökdi. Märekäniň çetinde güberilip oturan, ýagyrnysy ýapy ýaly, göwresi daýaw, kellesi togalak, ýeňsesi ýasy, içiňden geçip barýan gara gözleri ullakan, göni burnunyň ganatlary uly, agzy atyň erni ýaly, ýaşy ýaňy bir ýigrimiden geçen bu alçak ýigidiň nädip ýesir düşenini Iwaşow bilenok. Onuň özem bu barada dil ýaranok. Ýöne, daşyndan seretseň ýaralanyp düşene-hä meňzänok. Görnüşi gurat. Pylança wagtlap azar çekip ýatandyr diýer ýaly däl. Gorkunjyna iki elinem göterip öz-özüni ýesir berendir diýer ýalam däl. Çünki ol bütin otrýadyň içinde iň batyr ýigitleriň biri hasap edilýärdi.

Ol: geldiňmi, diýen terzde Iwaşowa seredip baş atdy. Naharyň ysy agzyny suwardan bolsa gerek, yzly-yzyna ýuwdundy. Muny görüp Iwaşowam ýuwdundy. Ol ýere beýleki ors ýesirlerem ýygnanan ekenler. Iwaşow olary bu ýerde ilkinji gezek görýär.

Diňlidepäniň üstünde Ahalyň han-begleri serdarlary we beýleki tanymal adamlar durlar. Olaryň arasynda Iwaşowyň tanaýany ýok. Şonuň üçinem Hajy ony olar bilen tanyşdyrmaga başlady.

— Ho-ol, ýaşyl baýdagyň sag tarapynda duran daýaw adamy görýäňmi?

— Howwa.

— Ana, şol Nurberdi han. Geçen uruşa ýolbaşçylyk eden Berdimyrat hanyň kakasy. Ol Marydan uruş gutaransoň gelipdir. Onuň sag gapdalynda duran...

— Dykma serdar – diýip, Iwaşow oturan ýerinde galkyjaklady. – Ol urşuň bütin dowamynda bizde ýesirlikde boldy.

— Howwa. Edil özi. Tanadyň. Ol häzir tekeleriň baş serdary. Ol ikisiniň çep gapdalynda duran daýanykly, gaba telpekli gür sakgally, gök donly adam Gurbanmyrat işan!

— Işan bolanda kim bolýa?

— Siziň popuňyz ýaly bir zat. Din wekili. Goranyşyň esasy ýolbaşçylarynyň biri. Onuň sag gapdalyndaky çekge süňkleri çykyşyp duran berdaşly adama bolsa Kerimberdi işan diýýäler. Ol işanlarbaşy. Diýmek, Ahalyň ähli işanlarynyň ýolbaşçysy. Arkalarynda duranlaram batyrlar, hanlar, begler, serdarlar. Hemmesini tanamok, ýöne ho-ol, depäniň orta bilinde özi ýaly jahyllar bilen gürleşip gamçysyny oýnap duran garaýagyz ýigidi welin tanaýan. Ol Garabatyr. Atly goşunyň serdary.

— Söweş güni ýigitleri bilen ilki kiçi galada, soňam Harazda durup bize garşylyk görkezen ýigitmi?

— Howwa! Onuň aňry ýanyndaky syrdam boýly, ak telpekli, gyrmyzy donly, ýigit bolsa Ruhy batyr. Oňa Guşly batyram diýýäler. Ýadyňa düşýämi, Ahala giren badymyza öňümizden tekeleriň uly goşuny çykdy. Soňam ak telpekli ýigit öz nökerleri bilen gapdaldan çozdy. Bitiniň burnuny ganatmanam gitdi.

— Ýadyma düşýä. Kepderi uçuranynam bilýän.

— Ana, şol ýigit şol.

Edil şol wagtam Diňlidepäniň üstünden Garasähet jarçynyň zähräňi ýaryp barýan güýçli sesi ýaňlandy. Ol Gurbanmyrat işanyň şehit bolanlara bagyşlap aýat okajakdygyny mälim etdi we hemmeleriň üns berip diňlemeklerini, depä golaý süýşmeklerini haýyş etdi.

Aýadyň okalyp başlanmagy bilen, tutuş galanyň içi bir gulaga öwrüldi. Köpçüligiň depesinde esli wagtlap Gurbanmyrat işanyň ýakymly owazy ýaňlandy durdy. Şol döwrüň içinde soldat Iwaşow iki gezek dagy irkiljiredi, iki gezeginde-de böwrüne dürtülen «symsygyň» badyna «ziňkildäp» oýandy. «Zöwwe» ýerinden galdy. Daş-töweregine garanjaklady. Hajynyň synyndan çekmegi bilenem lampa aşak çökdi. Töwür tamamlanyp, eliňi ýüzüňe sylmaly wagty gelende Hajy oňa: «eliňi şeýdip goşawuçlap tut», diýen manyda «üm» etdi. Iwaşow aýdylany etdi. Bir görse uly il şeýdip otyr. Gurbanmyrat işanam şeýdip dur. Birdenem ol: «Ä-ämi-in...» diýdi-de, iki elinem ýüzüne syldy. Bütin millet onuň şol hereketini gaýtalady. Hajam gaýtalady. Ony görün Iwaşowam şeýtdi. Beýleki ýesirler welin näme etjeklerini bilmän ýaýdanyşdylar. Ahyram, uly iliň ugruna ýykylaýsalar kem bolmajakdygyny bilen bolsalar gerek, ellerini başly-barat ýüzlerine syldylar.

Aralarynda aç garna hasam zorruk çykýan sesleri bilen: «A-ami-in!..» diýişenlerem boldy. Hajy olara seredin makullaýjylyk bilen baş atdy.

Aýadyň tamamlanmagy bilen märekä jan girdi. Gowur köpeldi. Her kim öz ýanyndan bu aýadyň baryp, öz merhumlarynyň ruhlaryny şatlandyrmagyny isledi. Her kim öz ölüsini ýatlady. Her kim öz ölüsine aglady. Ýesirler bolsa indi beri şolar ýaly uzyn hem ýürekgysdyryjy aýadyň okalmazlygyny, basymrak nahar çekilmegini, içlerine basym bir çemçe ýyly-yssynyň gitmegini islediler.

Garasähet jarçy her obanyň adamlarynyň öz gazanlaryna tarap barmalydyrklaryny aýtdy. Agyr märeke toplum-toplum bolup o ýan, bu ýan süýşmäge başlady. Käte hemmesi garym-çatym boldy-da, äpet deňiz deý tolkun atdy. Sozuldy. Büzüldi. Soň ýene-de ýazyldy. Ahyram güle gonan bal arylary ýaly hersi öz barmaly ýerine bardy.

Hajy bilen Iwaşow ikisi nirä barjaklaryny, haýsy toplumyň yzyna düşjeklerini bilmän aňalyp galdylar.

Ahyram, daş-töwereklerine ýaltaklaşyp duran, aýaklary zynjyrly, ors ýesirlerine, tarap gybyrdyklaşyp ugradylar. Olaryň arasynda entek ýaradan doly gutulmadyklaram, sargylary aýrylmadyklaram bar ekeni. Käsiniň bir goly düýbünden ýok, käbiriniňki bolsa köneräk ýaglyk ýa haýsydyr bir matanyň ýyrtyjy bilen boýnundan asylgy. Zordan ýoreýänlerem, goltugyndan biri girmese asla ýöräp bilmeýänlerem bar.

Olar Iwaşow bilen Hajyny görüp begenjeklerinem bilmediler, gynanjaklarynam.

Çekişlerden çykylan gününiň ertesi, Dälidepedäki ajy suwly guýynyň başynda çaganyňky ýaly kiçijik aýaklaryny däbşenekledip, tekelere gargap oturan burny paşyk, gözleri azarlan pişigiňki ýaly çerrelip duran Matrosowam şolaryň arasynda ekini. Ine, şol welin biperwaý durup bilmedi. Tanap etdimi ýa gullukdaşyny görüp göwni bozuldymy, ol gyrmyl-gyrmyl edip geldi-de, özüni göni Iwaşowyň boýnuna zyňdy. Paşyk burnyny, ýasy maňlaýyny onuň döşüne oýkan durşuna: «Doganjygym...», diýip aglady. Onuň beýdip, ejizläp durşundan özi utandymy ýa namys etdimi, Iwaşow birhili boldy. Ýüzüni Matrosowyň üstiaşyry iki-baka sypajaklatdy. Onyň basymrak öz gujagyndan çykaryna garaşdy. Ol welin enesini emýän aç güjük ýaly wagty bilen aýrylmadam, agysynam goýmady. Şo-ol, çyňsady durdy. Ahyram ony Iwaşowyň özi aýyrdy. Aýalary bilen gözüniň ýaşyny süpüriň «hyňk-hyňk» edip durşuna, Matrosow şondan soň Haja tarap barmagyny çommaltdy-da:

— B-bu-da b-biziňkilerdenmi – diýip, Iwaşowdan sorady.

— Howwa... Dagystanly milletinçilerden...

Öz boýnuna-da bökäýerinden ätiýaç etdimi, nämeni, Matrosow özüne tarap ümzük atyp ugrandan Hajy bir ädim yza tesdi. Soň Iwaşowa seredip ýarymdegişme bilen:

– Gaty içgin sokjaýa welin, näme, ýöriş wagty muny emdirip dagy edýämidiň – diýdi.

Iwaşow muňa öňküdenem beter utandy. Öýkelän çaga ýaly mölerlip, mähnet kellesini aşak goýberdi. Şonda, özaldanam bir şahyna zoraýakdan ilişip duran şyrdagy «hat» edip ýere gaçdy. Ony özünden öňürti Hajy galdyrdy. O ýerine, bu ýerine üfleşdirdi. Kakyşdyrdy. Geýdirdi. Iwaşowyň özi welin, esli wagtlap gabaklaryny ýerden göterip bilmedi.

Şol wagtam Diňlidene tarapdan bir geýnüwli, ullakan ala gözleri «jalahlap» duran, syratly ýaş igit ylgaşlap geldi-de, elini depä tarap uzatdy.

— Baryň, hemmäňiz ýo ýere baryň!..

Hajy terjijme etjek boldy. Ýöne, ýaş ýigidiň näme diýenine ýesirler önsuzam düşündiler. Şonuň üçinem, onuň Diňlidepä tarap uzan goly ýatyp-ýatmanka gandallaryny «şakyrdadyşyn» şol tarapa ýöneldiler. Aralyk şeýle bir daş bolmasa-da, gowünlerine ýol önmeýän ýaly. Ädimsaýy golaýlaşaýmaly depe-de gitdigiçe daşlaşýa. Şonuň üçinem, ýesirler onsuzam kelte kakýan ädimleriniň arasyny has ýygjamlaşdyrýarlar. Her ädimde-de, barysynyň zynjyryndan, bir wagtyň özünde: «şagyrt-şöwürt», «şakyrt-şükürt» edip elhenç ses çykýar. Acmana göterilýär birbada hemmeleriň nazary şolara tarap gönükdi. Durup-durup seretdiler. Nämäniň – nämedigine düşünibem hersi öz ýoluna bakan gitdiler.

Golak ýesir bir ganaty döwük guşuň uçjak boşy ýaly abat elini howada galgadyp barşyna boýnuny-ha pyşdylyňky ýaly öňe tarap süýndüripdir, agzynam hatap ýaly açypdyr-da, depä aýaklaryndanam öňürti ýetjek bolýan ýaly labyryby öňe taşlap, ýegdenekläp barýar. Agsak ýesir bolsa kem-kemden yza galýar, käte büdräp ýykylýar-da, tüwdürilip gidýär, oňa ýerli-ýerden goltgy berip galdyrýarlar. Howanyň çigrekdigine garamazdan ol durşuna der. Hatda sary gaçan harby köýneginiň ýagyrnysyna çenli öl. Her gezek ýykylyp-galanda göz çaky bilen depä çenli bolan aralygy ölçeýär. Özleri ýöräp bilmeýänleri ýagdaýy gowraklar goldaşyp alyp gidip barýarlar.

Depä ýetmänkäler bir ýerde olary saklap ikibir, üçbir, käbirlerini dörtbir oturtdylar. Tabak kiçiräk bolsa ikibirleriniň, ortatabrak bolsa üçbirleriniň, ulurak bolsa dýrtbirleriniň öňünde goýdular. Ýöne, çemçe bir. O-da ulyly, kiçili. Susak ýaly ulularam, çüňklije çaklaňjalaram, hanasy tegelek kiçeňräjiklerem bar. Nan welin ýeterlik. Gerek diýseň ýene getirip berärler.

Ilki paýlanan nany tabakdaşlar öz sanlaryna görä paýlaşdylar. Hersi öz paýynyň ujundan iýjegini döwüp aldy-da, galanyny dyzynyň üstünde goýdy. Şondan soň, «işe» girişdiler.

Gyzgynjak ýagly çorba ýesirleriň içegelerine hoş ýakdy. Aka bişen, özara adalatly paýlaşylan et bolsa, agyzlaryna dünýädäki iň süýji tagam bolup degdi . şol dem dünýe unudyldy. Kim dost, kim duşman, parh ýitdi. Dünýäniň bar lezzetem, manysam içi naharly tabagyň düýbünde jemlendi. Her kimiň küýi-köçesi: ýene bererlermikä, diýen pikir boldy. Ýöne, hiç kim ýoldaşyndan artyk iýjek ýa emel etjek bolup azara galmady. Her kim hakyna kaýyllyk bilen hereket etdi.

Dogry, Iwaşow bilen Hajynyň arasynda çalarak bir düşünişmezlik boldy. Başda hemme zat bolmalysy ýaly, tertip-düzgün boýunça gitdi. Her kim bir owurtlady-da, çemçäni ýoldaşyna geçirdi. Ýöne, ine, Hajynyň arkasy tutuşkygyna gara gyl bolup duran äpet penjesi tabagyň içindäki ete tarap uzadam welin, häliden bäri şojagaz etiň ykbaly barada, pikir edip oturan Iwaşowyň depe saçy düýrükdi. Egerde Hajy ol eti gepsiz-gürrüňsiz öz agzyna ataýanda-da, Iwaşowyň oňa edibiljek zady ýok. Ol muňa görä kän güýçli, daýaw. Üstesine-de Iwaşow ojagaz lukma üçin ýat ýerde, köpçüligiň içinde dostunyň eline ýapyşyp dawalaşyp durmaz. Hajy welin hakykatdanam gyzgyn eti kä uludan, kä kiçiden üzüp-ýolup, dyzynyň üstündäki nan böleginiň üstüne üýşürip başlady. Arasynda eli bişip, barmaklarynyň ujuny üfledi-de, soň ýene-de dogramasyny dowam etdirdi.

Şondan soň Iwaşow etden tamasyny üzdi. Ýöne, nebsi-şeýtan ara düşendirdä, edil hakyny gideräýesem gelmedi. Şonuň üçinem, Hajynyň et bilen başagaýlygyndan peýdalnyp, çorba güýç bermekligi, şondan köpräk içmekligi ýüregine düwdi. Ýagly çorbadan birki gezek yzly-zyyna gulkuldadyp goýberdi. Soň elindäki nandan dişledi. Ony ýuwdup-ýuwutmanka nobatyna garaşman ýene-de owurtlady. Çemçede gözüňe söweýin agaçdan oýulyp ýasalan, bir tarapy çüri susak bolansoň her gezek girip çykanda çanagyň mesenesini mesaňa mälim peseldip gidip barýar. Aňryňa düşende dagy «düňküldisi» dag aşýar. Özüne ýakmaz bir zat diýerinden ätiýaç edip Iwaşow her çemçeden soň aşaklyk bilen Hajynyň ýüzüne seredýär.

Ol welin henizem et bilen garabaşynagaý. Çanaga tarap nazaram aýlanok. Iwaşowyň çemçäni bermän, yzly-yzyna eňterip oturşyna ünsem berenok. Ine-de ol eti dograp boldy. Soň ikä böldi. Her bölegini bir aýasyna salyp sallarlady. Deň bolandyr, öýdenden soňam «me» diýip ýoldaşyna islendik bölegi beräýmedi-de:

惘 Haýsysyny aljak? – diýdi.

Iwaşow erbet utandy. Boz-ýaz bolup aşak bady. Şol oturşyna-da burnuna salyp, «hoňňul-hoňňul» etdi.

惘 Haýsyny berseň beräý.

Hajy köpräkdir öýden bölegini Iwaşowyň çep  owujyna guýdy.

Şondan soň Iwaşow çorbadan içmedi. Onuň içmesini goýanyny görüp, Hajam içmedi. Şol wagtam olaryň dik depesinde hälki, geýnüwli ýigidiň çasly sesi ýaňlandy:

惘 Doýmadyk bolsaňyz aýdaýyň, ýene-de guýarys!

Beýlekilerden gaýtaladyp iýenler boldy. Elbetde, Iwaşow bilen Hajynyňam gaýtaladaslary gelýärdi. Işdälerem bardy. Doýmadyklaram çyn. Ýöne, entek tabagyň düýbünde iýilmedik nahar bardy. Egerde iýjek bolsalar, onda olar öňi bilen şony iýmelidiler. Emma olar iýmelerini goýupdylar. Doýandyklaryny, hut şonuň üçinem, iýmäni bes edendiklerini biri-birlerine gepsiz-gürrüňsiz duýdurypdylar. Şonuň üçinem olardan ses çykanok. Tabak bolsa gitdi. Çemçe-de gitdi. Ýöne, entek olarda nan bar. Nan bilen tutup iýer ýaly dogralan etem bar.

Tabagyň üstüne ýapyrylyşyp, birmeýdan çemçe-çanak bilen gidişen beýleki ýesirlerem garader bolan ýüzlerini kem-kemden ýokary göterdiler. Uludan demlerini alyp, daş-töwereklerine göz aýladylar. Özleri-de bilmezden garynlaryny sypalaşdylar, «pat-pat» etdirişip, aýalary bilen göbekleriniň üstüne kakdylar. Şol wagt olaryň gözlerine dünýä birhili giňän ýaly, ýesirlik hem tamam bolan ýaly bolup göründi.

Onda-munda entegem nahar iýip oturanlar, ýap-ýaňyja gelip ýaňy bir öňüne tabak alanlaram bar. Degsin aýady bolsa hemmeler iýip bolandan soň okalmaly. Muny hiç kim bilmese-de, musulman çagasy hökmünde Hajy bilýär. Şonuň üçinem, ol beýlekilere: «Rugsat bolýança turaýmaň», diýdi-de, beýlesine öwrülip, Iwaşow bilen bir zatlar barada gürleşmäge başlady. Esli mahal «hyşy-wyşy» edişip oturanlaryndan soň, arka tarapynda hem-de  beýigräkde oturan Hajynyň ýüzüne seretmek üçin, Matrosow kellesindäki tüýleri sallanyşyp duran  telpegini eli bilen saklap, yzyna gaňrylybraga-da ýüzüni dik ýokary tutdy.

惘 Bizden ogryn nämäň maslahatyny edýäňiz, how... – diýende, ganatlary çerrelip duran paşşyk burnunyň giň deşikleriniň agyzndaky owunjak, çaň basandygy zerarly ýüzi gyrawlap duran sary tüýler şeňle bir myrtar göründi welin, Hajy ýerinden galaga-da onuň ýüzüne  ögäýmekden zordan saklandy. Bu zatlardan bihabar Matrosow agzyny şapbyldadyp ýene bir zatlar diýdi. – Ýa gaçjak bolýaňyzmy?

惘 Aý, ýok, gaçjag-a bolamyzok. Onuň manysam ýok. Ýöne, bularyň bizi öz ýesirleri bilen çalyşmaklary welin ahmal.

惘 Sen näme, türkmenleriň bizde ýesirleri  bardyr öýdýäňmi?

惘 Bar, bar. Meniň eşidişime görä, bizde bularyň dört sany ýesirleri bar.

Hajy ýalňyşanok. Onuň aýdýanlary dogry. Orslarda dört sany türkmen ýesir, saklanýar. Olaryň ol ýere düşüşleriniň bolsa özboluşly taryhy bar.

...Ors goşunlary şol gezek yza çekilip gidip baryşlaryna Börmede düşlediler. Bir gije ýatanlaryndan soň, ertesi günortanaralar lagerden günorta-gündogar tarapda, Köpetdagy etekläp oturan baýyrlyklaryň aňyrsyndan uly bir tozan göründi. Onuň nämedigini bilmek üçin, soldatlar ýerli-ýerden çar tarapa ylgaşdylar. Tamyň üstüne, alaňrak ýerlere çykyp seredişdiler. Derrewem aşak düşdiler-de, birgiden türkmen atlylarynyň çozup gelýändiklerini habar berdiler.

Ol atlylar Gökdepeden çykyp gaýdylany bäri garaba-gara goşunyň yzyna düşüp gelýän bölek-bölek türkmen ýigtlerinden ybarat. Olar hiç kim tarapyndan iberilenok. Hiç kimden, hiç hili tabşyrygam alanoklar. Hemmesi döwtalaplar we höwesjeňler. Başda üç-dört ýüz atlydan köp däl hem bolsalar, Arçman, Nohur obalarynyň deňine gelenlerinde olara başga-da birnäçe höwesekler goşuldylar. Şondan soň olaryň sany sekiz ýüze golaýlady.

Olar hususan-da, her düşelgede goşun tarapyndan taşlanyp gidilýän ýarawsyz düýeleri oljalamak bilen meşgul bolup geldiler. Çünki, düýeler soldatlaryň emelsizligi, geleňsizligi zerarly sandan çykýardylar. Tutuş ýörüşiň dowamynda ýekeje gezegem olaryň howutlary aýrylmady. Arkalaryna ýel çaldyrylmady. Hernäçe çydamly haýwan bolsalaram, düýeler soňabaka halys hereketden galdylar. Dört aýaklarynam gerip, abşarylyşdylar-da, «bar-bar» bagyryşdylar duruberdiler. Diňe şondan soň kimdir biriniň kellesine howutlary aýryp görmeli diýen pikir geldi. Görseler, janawarleriň gerişleri ýara bolupdyr. Ep-esli ýerleri oýulypdyr, käbirleriniň bolsa etleri ganjaryşyp, sallanyşyp dur. Has irräk düşen ýaralaryň içi gurtdan ýaňa gyrma. Görseň gözüň gyýar ýaly däl. Ýöme, elinjek adama sataşsa ýarasyny bejerip, birnäçe günem bakyp, bejerip daýandyrsa, garaz, hojalykda ulanmaga ýarajak. Şonuň üçinem, türkmen ýigitleri mallara uly höwes hem hyjuw bilen topulýardylar.

Emma olaryň ojagaz keýpleri uzak dowam etmedi. Olary öz yzlaryna düşüp gelmekden mahrum etmek üçin, ofiserler soldatlara ýarawsyz mallaryň damagyny çalyp ýa-da atyp öldürip gitmekligi, işe ýaramly ýagdaýda galdyrmazlygy buýurdylar.

Şondan soň, türkmen atlylaram mal olja humaryndan aýňaldylar-da, başky maksatlaryna dolanyp geldiler. Ok, ýarag, şowuna düşse top oljalamak niýeti bilen,

mümkinçilik dörän ýerinde goşuna hüjüm etdiler. Jüpüne düşse, goşunyň baryny gyrmak ýa ýesir alyp yzalaryna, Gökdepä sürmek, şeýdibem tutuş Ahal ilini haýrana goýmak, eden işlerine magtanyp, galada galan «ýalta» ýigitleriň öňünde öwünmek ýaly ham-hyýallaram serlerinde ýok däl.

Olar häzirem hut şol maksat bilen gös-göni goşunyň üstüne çozuşyp gelýärler. «Ýa, Alla-a!.. Ýa, Alla-a!..» diýýän sesler barha golaýlaşýar.

Özbaşdak gaýdansoňlar olarda umumy baştutanam ýok. Ýöne her obanyň, her tiräniň ýigitleriniň onbaşylardan we ýüzbaşylardan ybarat serdarlary bar. Şonuň üçinem, olar gerek wagty gyssagly suratda maslahatlaşýarlar-da, ýagdaýa görä hereket edýärler.

Olaryň garşysyna raketaçylar batareýasy, pereýaslaw dragunlarynyň bir eskadrony we dagystanly meýletinçilerden iki ýüz sanysy çykdy.

On bäş minuda çeken ikitaraplaýyn atyşyk başlandy. «Garjaşmak» maksady bilen türkmenler birsyhly öňe dyzadylar. Emma, soldatlaryň uzaga hem çala atýan tüpeňlerinden çykýan gyzgyn gülleler olaryň sanyny basym seýrekletdi. Raketalardan ot açylyp başlansoň-a ýigitler hasam aljyraňňylyga düşdüler we ur-tut yza çekilmek bilen boldular. «Pajyrdaşyp» gelýän raketalara bakyp sögünişdiler.

Dagystanly meýletinçiler olaryň yzlaryndan kowdular. Esli ýere çenli dowam eden «it urşundan» soň birnäçesini öldürdiler, birnäçesini ýaraladylar, dört sanysyny bolsa ýesir alyp geldiler.

Bu çaknyşykda olaryň özleri hiç hili ýitgi çekmediler. Ýesir ýigitleri goşunyň başlygy, general Lomakiniň özi sorag etdi.

Ýesirleriň özlerini gorky-ürküsiz, başlaryny belent tutup, merdemsi alyp baryşlary, berilýän soraglara «pert-pert», ýöne, aýlawly, gümürtik hem nätakyk jogap berişleri, atylýan ölüm howply haýbatlaryň öňünde ýaýaplaman, gypynç etmän duruşlary soldatlary haýran galdyrdy. Ýigitler buýsanç bilen:

惘 Nurberdi han Marydan geldi. Ol oglunyň mazarynyň başujynda durup, sizden rehimsiz öç aljakdygyna ant içdi. Alty müň atly bilen ol basym siziň yzyňyzdan ýeter – diýdiler.

Goşunyň ştab naçalnigi, polkownik Malamanow şol ýesirleriň üsti bilen Gökdepä proklamasiýa ugratmaklygy Lomakine teklip etdi. Teklip goldanyldy. Proklamasiýany taýýarlamaklyk terjimeçä tabşyryldy. Ol haty taýyn edip, ýesirleriň has ekabyrragy, tegelek ak ýüzli, inçemik seýrek murtly, gyýagrak gözleri gülüp duran ýigrimi ýaşlaryndaky Ýusup atly daýanykly ýigide berdi. Hatyň mazmuny şeýle: «Boýun egiň! Ýogsam indiki ýyl mundanam köp sanly

goşun geler we barybir baryňyzy boýun egdirer». Ýusubyň özüne bolsa: «Bir hepdeden hatyň jogaby bilen gaýdyp gelmeseň, bu ýerde galýan ýoldaşlaryňy öldüreris» diýdiler. Ýerinden bir turup, bir oturyp, uçjak guş ýaly galkyjaklap duran ýigit, ýaşulylaryň jogabyny alyp, aýdylan möhletde dolanyp geljekdigine söz berdi.

Ýusup gidenden soň soldatlaryň arasynda jedel turdy. Biri: «Ol geler» diýdi, başga biri: «Gelmez» diýdi. Ýöne, geläýende-de oňyn jogap bilen gelmejekdigi, oka boýun egmedik tekeleriň iki barmak kagyzyň ýüzündäki hata boýun egmejekdikleri barada welin hemmeleriň pikiri deň çykdy.

Ýusup hakykatdanam gaýdyp geldi. Özem bir hepdeden däl-de dört günde geldi. Söz berişi ýaly hatyň jogabynam getirdi. Onuň mazmuny şeýle: «Tekeler diňe güýje boýun egerler».

Jogap hiç kimi geň galdyrmady. Çünki, munuň hut şeýle boljakdygyna hemmeleriň gözi ýetýärdi. Onsoňam gaçyp, ýeňilip barýarkaň yzyňa şeýle mazmunly hat ýollamak, haýbat atmak gaty ýerliksiz görünýärdi.

Öňünden gepleşip goýulşy ýaly, indi ýesirleri goýbermelidiler, emma Lomakin bu gezegem sözünde durmady. Goýbermedi. Gaýtam tersine, dördüsinem tussag etmekligi buýurdy.

Şol wagt otrýatda entek Dykma serdaram Gyzylarbat hany Sopy hanam öz nökerleri bilen şol ýerde bendilikdediler. Soňky wakalardan olaram habarly boldular we Ýusubyň mertligine guwandylar. Ýöne, olaryňam tussag edilendiklerini eşidip welin gynandylar.

Ýusubyň mertligine ähli soldatlaryňam guwanandyklaryny, generalyň ähtinden dänmek bilen şu ýörişiň dowamynda indi ikinji gezek imperiýanyň abraýyna zyýan ýetirendigi üçin uçursyz gynanandyklaryny hakykatyň hatyrasyna aýtmak gerek. «Görsene muny. Ol gelmänem bilýärdi ahyry. Emma geldi. Ýoldaşlaryny kyn günde goýmazlyk üçin janyndanam, maşgalasyndanam geçip yzyna geldi. Watanyndan ömürlik jyda düşmekden gorkmady» diýşip, oturan-turan ýerlerinde telim wagtlap gürrüň etdiler ýördüler.

Ýesirlikden boşap Gökdepä gelşi ýaly, Dykma serdar gidip barýan goşunyň içinde dört sany ýesiriň saklanýandygyny, haýal etmän olary boşatmaklygyň ugruna çykmalydygyny han-beglere habar berdi. Mümkinçilik dörän ýagdaýynda, ors ýesirleriniň hemmesini bolmasa-da käbirlerini şol dört ýesire çalyşmak baradaky mesele hem şol ýerde orta atyldy we makullandy.

Bu gürrüň ýyldyrym çaltlygynda gala ýaýrady. Hajy bolsa ony öz aýdyşy ýaly hakykatdan-da iki sany goja türkmeniň özara gürrüňlerinden eşitdi.

...Ýesirlere şondan artyk iç döküşip oturmaga maý bolmady. Ilk-ä Diňlidepäniň üstünden töwür aýady eşidildi. Ol gutarandanam başda olary gazanyň başyna çagyran geýnüwli ýigit dogumly ädimler bilen haýdap geldi-de:

惘 Baryň indi gidiň! Dargaň! Ýerli-ýeriňize baryň – diýdi.

Alaşakyrdy bolşup, barysy birden ýerlerinden galdylar. Şol wagt Diňlidepäniň aňry ýüzündenem edil özleriniňki ýaly, ýöne mukdar taýdan has köpdügi bildirýän agyr hem süýrenjeňli «şakyrdy» eşidildi. Şonuň bilen bir wagtyň özünde-de ilk-ä aşagy ösgün gara murtly, uzyn hem ýogyn burunlar, soň käbiri sakgally, käbiri sakgalsyz, birgiden çüri, uzyn eňekler, sus hem gaýgyly görünýän, üstüni gür gara gaşlary örtüp duran ullakan ala gözler, ondan soň käbiri takyr, käbiri ösgün gara saçly süýri kelleler, iň soňunda-da zynjyrly aýaklaryny zordan süýreşip, egilibräge-de, iki ýana çaýkanyşyp barýan daýaw, ýöne iňňän ýadaw göwreler yzly-yzyna çykyşyp başladylar. Olaryň soňy depäniň aňyrsyndan çykyp bolýança, öňi esli ýere bardy. Soldatlar olara geň galmak bilen seredişip durdular.

Matrosowyň sesi öňkülerine görä has pessaý hem güňleç çykdy.

–Bular kimlerkän-aý?..

– Parslar... – diýip, Hajy ondanam pessaý gürledi. – Dürli döwürlerde ýesir düşüpdirler. Öňler Hywa-Buhara äkidip satýan ekenler. Indi ol ülkeler biziň elimize geçdi. Ol ýerde adam söwdasyny etdirmeýärler. Şonuň üçinem, tekeler indi diňe bularyň yzyndan hossarlarynyň gelip, satyn alyp giderlerine garaşýandyrlar.. – Öz ykballarynyňam nähili boljakdygyny doly bilmeýän ors ýesirleriniň barysy birden iňkise gitdi. Hiç kimden ses çykmady. Hajy egni bilen Iwaşowyň egnine kakdy. – Ýör, indi gideli. Kän eglensek käýinç eşideris.

Ýolda Hajy Iwaşowyň ýüzündäki çapyga siňe-siňe seretdi.

– Gylyjyň yzymy?

– Ýok. Başga bir zadyň yzy. Özem ilk-ä ýeňsäme, öwrülenimden soňam ýüzüme degdi. Biziň lopatkamyza meňzeş şol zadyň sapyndan tutup bulap duranam ýalňyşmaýan bolsam aýal maşgalady.

– Her niçik hem bolsa saňa ýara düşüpdir. Meniň bolsa sähelçejik çyzylan ýerimem ýok.

Iwaşow köpden bäri aýdybilmän ýören soragyny dile getirdi.

– Onda nädip...

– Onda nädip ýesir düşdüň diýjek bolýaňmy?

– Howwa.

– Ana, meniňňem gorkýan zadym şol-da. – Hajy az salym sesini çykarman gitdi-de, uludan demini aldy. – Bilmedik adamyň: ellerini göterip meýletin düşendir, öýderinden gorkýan. Şol sebäpli özümiziňkileriň arasyna barmaga-da çekinýän.

– Aý, ýok. Beýle zat bolup bilmez. Hiç kim beýle pikir etmez. – Iwaşow çekine-çekine Hajynyň ýüzüne seretdi. – Ýogsa-da nähilelik bilen...

– Men ilkinjileriň biri bolup diwara dyrmaşdym. Çykyşym ýalam öňümde eli gylyçly bir daýaw ýigit peýda boldy. Ol gylyjyny meniň süýr depämden indermek üçin dik ýokary göterdi. Aralyk şeýle bir golaýdy welin, men atmaga-da ýetişmedim. Gylyç bolsa inip gelýär. Öňüne tüpeňimi keseleýin tutdum. Gylyç «jalkyldap» nile degdi-de, zarbyna eýesiniň elinden sypdy. Yza zyňyldy. Meniňem tüpeňim elimden gaçdy. Ikimizem ýaragsyz galdyk. Ýigidiň bokurdagyny peýläp ellerimi öňe serenimi bilýän. Ýöne, ol menden öňürtdi. Ellerimi eli bilen kakyp dyzy bilen içime bir «hyklatdy» welin, iki bükülenimi bilmän galypdyryn. Şondan soň ol iki çignimden tutdy-da, diwardan aşak iterip goýberdi. Germesatan bolup gaýdanymy gelýärkäm gözlerimi Günüň ýiti şöhlesiniň gamaşdyrýanyny bilýän, ýöne, ýere nädip düşenimi bilemok. Gelşim ýaly garymyň içine gaçypdyryn. Ýeňsäm ýere degip seňselän bolsam gerek, tä, ertire çenli özümi bilmän ýatypdyryn. Her niçik hem bolsa daşa ýa demre-hä degen däl bolmaly, ýogsam ýarylardy. Iň bolmanda çat açardy ýa ganjarardy. – Hajy sag eliniň aýasy bilen ýeňsesini tutdy. Ýüzüni çytdy. – Şu ýerim henizem doňan ýaly bolup dur. – Şondan soň ol gürrüňiniň ugruny başga ýana sowdy. – Täzeden bäri bolsa öz-özümi ýigrenip ugradym. Ýeri, şondan şuňa bäş şaýy olja diýip nä körüň bar diýsene, diýýän. Seňk-ä düşnükli. Sen regulýar goşunyň soldaty. Git, diýlen tarapa gidibermeli. A men näme? Maňa näme? Meýletin gaýdyp munça belaýygerdanylara uçrap... Nämemişin, öýlenjekmişim, pul gerekmişin, gahrymançylyk görkezmeseň obanyň gyzlary barmaýarmyşyn. Gahrymançylyk görkezmek üçin hökman bir parahat oturan iliň üstüne talaňçylyga gitmelimi diýsene...

Esli ýere çenli dymyp gitdiler. Ahyry Iwaşow dil ýardy. Ol birhili töweregine garanjaklap gürledi.

– Hajy...

– Hä?

– Seni ýigrenýälermi? Urup söküýälermi?

– Türkmenlermi?

– Howwa.

– Aý, ýok, enteg-ä beýle zat ýok. A seni?

– Menem uranoklar. – Ol iňkise gitdi. – Saňa degmeýändikleriniň sebäb-ä düşnükli. Sen bularyň diline düşünýäň. Gepleşibilýäň. Diniňizem bir. Musulman. Ýöne, maňa näme üçin dözmezçilik edýälerkän?

– Onuň sebäbi, türkmenler öz başlaryna düşen bu agyr musallaty ikimiz ýaly ýesirlerden ýa ors halkyndan däl-de, ors hökümedinden, goşun generallaryndan, ak patyşanyň basybalyjylykly syýasatyndan görýäler. Bize garap: «Bularyňam ata-eneleri bardyr, haçan gelerkä, diýşip, ýollaryna garaşyp oturandyrlar, gulluga iberenlerinde-de: «Bar, tekäň üstüne çoz», diýip iberen däldirler, ýurduňy gora» , diýip, iberendirler» diýýäler. Şonuň üçinem, bize ýigrenç bilen däl-de, nebsagyryjylyk bilen garaýalar...

– Biz bolsak aldyk-da bularyň üstüne tüpeňimizi somlaşyp gaýdyberdik, hamala bakja giren oklykirpini ürküzmäge barýan ýaly.

– Men şulaň arassa hem medenýetli halk ekendiklerinden ýekeje mysal getireýin: ýagny, özüň gözli şaýat Ahala girenimizden soň tutuş goşun boýunça ýekeje adamda içgeçme, gyzdyrma ýa başga bir keselçilik ýüze çykdymy?

– Ýok.

– Ýekeje adam keselden ýogaldymy?

– Ýok.

– Mallar gyryldymy?

– Ýok.

– Ana, gördüňmi? Şunuň öňzem bu ülkäniň ýeke bir adamlarynyň däl, eýsem tebigatynyňam biziňkä görä has arassadygyny, sanitariýa, gigiena sözüniň nämedigini bilmeýänem bolsalar, tebigy üşüklerine görä şol zatlary bizdenem has takygrak berjaý edýändiklerini subut edýär. Iň bärkisi biziň Çatdaky öz elimiz bilen döreden hapaçylygymyzy, şol hapaçylyklar zerarly sähelçe wagtyň içinde emele gelen elhenç keselçilikleri, gün-günden sany artyp gidip oturan mazarystançylyklary göz öňüne getirip gör. Bular näme, mal öldürýän däldirler öýdýäňmi? Şu günüň özünde nijembir mal soýuldy, emma ýekeje ýerde çaşyp ýatan deri, süňk, siňekden ýaňa ýüzi «waglap» duran kelle, aýak, garyn, içege gören dälsiň. Görmersiňem! Çünki, bular hatda mal soýlan wagty topraga daman damak ganynyň üstünde-de dessine ot ýakýarlar. Diýmek, mikroblary öldürýärler... Yzyndanam berk gömýärler. – Hajynyň kellesi gyzdy. – Biziň bolsa ruhy hapaçylygymyzam, medeni derejämizem edil Çatdaky bolşumyz ýaly. Mysal üçin general Lomakiniň Dykma serdar babatdaky eden hereketini alyp göreli. Ol özüni

dünýä derejesinde medenýetsiz alyp bardy. Diplomatiýanyň halkara düşünjelerini rus goşunynyň ruhy ahlagyny bozdy. Orsyýetiň syýasy howasyny hapalady.

– Onyň-a dogry.

– Meniň eşidişime görä, soňky dört ýesiriň ykbaly hem edil Dykma serdaryňky ýaly bolupdyr.

– Beh, o-da bolmandyr.

– Entegem biz bularyň aýdym-saz, şahyrçylyk sungatlary bilen tanyş däl. Onuňam sebäbi biz bularyň başyna bela-beter, gaýgy-gam getirdik, ýasa batyrdyk. Gyrdyk. Şol sebäpdenem gelelimiz bäri galadan agydyr ahy-naladan başga zat eşidemizok. Çünki, musulmançylykgyň düzgünine görä ýasdan çykylýança oba-da aýdym aýdylmaýar, saz çalynmaýar. Arag-a asla-da içilmeýär. Gadagan. Bu-da ahlaky arassaçylyklaryň biri.

– Atlaryny, halylaryny, gazýan kärizlerini görseň bu halka medenýetsiz diýmäne diliň barar ýaly däl. Hakyda mollanyň gürrüňlerini diňleseň dagy...

Bir görseler Hajynyň bolýan öýüniň deňine gelipdirler.

Kynam bolsa hoşlaşmaly boldular. Güýzüň salkynjak şemaly öwüsdi. Gün ýaşdy. Agşam düşdi. Howanyň durulygyndan ýaňa göm-gök reňke boýalan Köpetdag Gökdepä has golaýlan ýaly bolup göründi.

Şol gün sadaka sowulandan soň, Ruhy batyr Hakyda mollanyň ýanyna salama bardy. Hal-ahwal soraşdy. Sag-aman gutulyp gitmegini, uzak ýaşamagyny arzuw etdi. Soň umumy gürrüňçilige geçdiler. Söhbetdeşlik esasan uly iliň öňünde duran synag, geçen urşuň pajygaly wakalary barada boldy. Hakyda molla Ruhy batyryň ýurdy ant içmän, gala girmän goramak baradaky pikirini goldaýandygyny ýene bir gezek terkarlady. Sözüniň soňunda bolsa wagtynyň azalýandygyndan, ýurduny täzelän güni yzynda mirasdüşeriniň galmajakdygyndan zeýrendi.

– Sen ýurduma eýe bolarsyň öýtdüm, emma seniňem täleýiň başga ýol bilen gitdi. Elbetde, ykbaly el bilen düzedip bolanok... Ýogsam...

Ruhy batyr uludan demini alyp aşak bakdy. Ýöne, sesini çykarmady.

Gürrüňçilik gijäniň bir mahallaryna çenli dowam etdi. Ruhy batyr Hakyda molla uklandan soň ýerinden turdy, daş çykdy. Häliden bäri dürli bahanalar bilen girip-çykyp ýören Enehakyda bosagadan daşaryk ätleýşi ýaly onuň öňüni kesdi.

– Nirä, Ruhy?

– Gideýin, Enehakyda.

– Ýatyp gidibermeli ekeniň-dä. Bu öý seniň üçin ýat däl-ä...

– Men indi bu öýe sygman, Enehakyda.

Ruhy batyr soňky döwürlerde ýeke bir bu öýe däl, tutuş oba, çöle, jümle-jahana syganok. Dünýe gözüne dar görünýär. Hiç ýerde köňli karar tapanok. Iç girse daş çykasy, daş çyksa içeri giresi gelýär. Oba gelse çöli, dagy-daşy, çöle çyksa obany küýseýär, daşyndanam bolsa Enehakydany görüp gidesi gelýär. Sebäbi, ýüregine erk edip bilenok. Özüniň bu halyny ol hiç kimden gizlejegem bolanok. Enehakydanyň özünden-ä asylam ýaşyranok. Her gezek gabat gelende bolşy ýaly, ol bu gezegem oňa içini dökdi. Ýüreginde ýanyp duran söýgi odunyň hiç haçan öçmejekdigini özüniň dogumly sesi bilen mert durup, pert-pert aýtdy.

– Men barybir seni unudyp bilmen, Enehakyda. Kalbymdan ymykly çykarybilmen. Durmuşa çyksaňam, ene bolsaňam, üstüňi çaga basyrsaňam, agtykly, çowlukly bolup eliňe hasa alsaňam meniň üçin şol bir Enehakydalygyňa galarsyň. Sen meniň hemişelik ruhy hemdemimsiň, märibanymsyň, ezizimsiň. Meniň saňa bolan söýgim kalbyma çykmak üçin giren däldir. Ýaňy-ýakyn döränem däldir. Men seni şu öýe gelen günümden bäri gowy görýän. Elime göterip goňşulara barýarkamam, yzyma tirkäp hatarlara aýlanýarkamam, eliňden tutup toýhanalara äkidýän wagtlarymam gowy görýärdim. Dogry, ol wagtlar menem seni jigim hökmünde gowy görýärdim. Emma, jigim däldigiňe welin aklym ýetýärdi. Çünki, bu öýe gelenimde, ýaşam bolsam men eýýäm agy-garany saýgarýardym. Bu öýe nädip, näme sebäpden düşenimem bilýärdim. Soň senem göze görnüp ugradyň. Meniň kimdigimi, özüňi söýýänimem bildiň. Ýöne, söýgümi ret etdiň. «Söý» diýip söýdürip ýa «söýme» diýip söýdürmän bolmaz. Şonuň üçinem men senden kine edemok. Etmenem. Bir zady welin bilip goý: meniň kalbymda senden başga hiç kime, hiç haçan orun bolmaz. Sag-aman ýagyn-a sowduk, belki, gidişleýin gitdigi bolsun, gaýdyp dolanmasyn. Şeýle bolsa halk ýene-de paraht durmuşa dolanar. Senem durmuşa çykarsyň. Men bolsam özümi çöle-gyra uraryn. Mežnun ýaly gurt-guşlary dost tutunyp şol ýerlerde ýaşaryn. Ýöne, nirede bolsamam her gün säher bilen turaryn-da, daň şemalyndan saňa salam ibererin. Ol gelip seniň zülpleriňi syparlar. Ana, şol şemal meniň saňa bolan yşgymdyr. Gijeler daş çyksaň alyslardaky ýyldyzlaryň ýagtysy üstüňe nur bolup döküler, ana, şol nur hem meniň saňa bolan söýgimdir. Aýyň şöhlesi ýaňaklaryňdan ogşar, ol bolsa meniň saňa bolan yhlasymdyr.

Enehakyda durup bilmän aglady.

–Ah, Ruhy, Ruhy... Sen dogrudanam edil Mežnun ýaly sözleýärsiň. – Ol aýalary bilen ýüzüni tutdy. – Sen öz ýüregiňem, meň ýüregimem paralaýarsyň.

Özüňem, menem kyn güne salýarsyň. Men seniň ýagdaýyňa düşünýän. Seni gowam görýän. Ýöne... Nädeýin... Näalaç edeýin...

Ruhy batyr uludan demini aldy-da, ellerini serdi. Soňam ugramaga hyýallandy. Enehakyda onuň guşagyndan aslyşdy.

– Dur, dogan, gitme! Beýdip gitme! Ýüregimde daglar goýup gitme!

– Gideýin, Enehakyda. Gideýin. Giň meýdana çykaýyn. Özümi dürsäýin. Bu wagt bize ejizlemek bolmyýa. Sary aždarha guýrugyny gymzyna gysyp uzak ýatmaz. Ýene-de geler. Ýöne, bir haýyşym bar: o-da heran-haçan ýüregiňde sähelçejik yş dörese-de, meniň seni gije-gündiz zarlaýandygymy, her gün, Günüň, her aý, Aýyň doguşyna garaşyşym dek garaşjakdygymy unutma! Ýene bir haýyşym: toýuňa çagyrma. Çagyrsaňam gelmen. Geleýin diýemde-de gelibilmen.

– Näme üçin? Sen meniň ýeke-täk doganym ahyry.

– Sen şu sözi köp gaýtaladyň, Enehakyda. Ýöne, munuň düýbünden beýle däldigini sen gowy bilýärsiň. Uly ilem bilýär. – Ruhy batyr tisgine-tisgine dem aldy. – Onsoňam, heý-de gymmat bahaly daşyny ýitiren adam ony başga biriniň goltugyna salyşyna biparh garap durup bilermi? Meniň ýüregim duşmanyň okuna döz gelip biler, emma seniň pyrkatyňa döz gelip bilmez. Bagrym duşmanyň uran hanjarynyň yzasyna çydar, ýöne senden jydalyga çydap bilmez. Meniň ýaramyň ýeke-täk melhemi bar, o-da – Garagum.

– Sen batyr, mert ýigit ahyry, Ruhy, sen özüňe erk edibilersiň.

–Yşk ody hemmelere deň ýakýandyr. Enehakyda. Onuň öňünde endiremedik, ejizlemedik ýokdur. – Ol Aýyň ýagytsyna gapysy garalyp görünýän samankepbä tarap baş atdy. ‒ Şoň içinde itiň günini görüp ýatan ýesirem saňa aşyk bolup yşk derdini çekip ýör, sen zerarly ol häzir öýüni il-gününi, hatda ejesinem unutmaga taýýar, diýseler ynanaýgyn, Enehakyda... – Ol alagaraňkynyň içinde çen bilen gyzyň gözlerine dikanlady. – Inde bolsa men gideýin... – Ol öňe tarap owsun atdy. Enehakydany gujaklaýmakdan zordan saklandy. – Hoş, eý meniň köýen arzuwym! Armanym! Kyýamat güni ikimiz hökman didarlaşarys...

–Ah, Ruhy, Ruhy...

Ýigit gitdi. Enehakyda ol tä, baryp teläre iltengi atyna atlanýança, garaňka garyşyp gözden ýitýänçä gozganman, yzyndan garap durdy. Soň at aýagynyň dükürsine diň saldy. Şol dükürdiniň özüniň ýürek urgusy bilen deň gopýandygyna, sazlaşykly çykýandygyna geň galdy. Soň öýe girdi. Ýerine geçdi. Birdenem ýorganyny başyna çekdi-de, demi-demine ýetmän, sojap-sojap aglamaga başlady.

Şol wagt ol Ruhynyň dolanyp gelmegini, ojagyň başynda oturyp ädigini çykarmagyny dolagyny çözmegini bir wagtkylary ýaly gap böwre geçip

ýatmagyny isledi. Ine, şonda ol ojakdan düşýän oduň ýagtysyna onuň inçe murtly süýnmegräk, akýagyz, ýüzüni, ullakan ala gözleriniň üstüni örtüp duran gabaklaryny synlar. Ýüregindäki oňa bolan guwanjyň, mähriň hakykatdanam doganlyk söýgüsi däl-de, içi mähir hem muhabbetden doly yşgy söýgüdigine, ömründe ilkinji gezek  ynanar, ony boýun alar. Ýöne, indi yza ýol ýok. Aralykda Ahalyň iň abraýly ýigitleriniň biri bolan Ahallynyň daýanykly göwresi direnip dur.

## 4.Ýesir çalşygy

Ors goşunlarynyň içinde ýesirlikde galan Ýusuby we onuň ýoldaşlryny nähili ýol bilen boşatmalydygy baradaky pikir Ahalyň han-beglerine esli wagtlap ynjalyk bermedi. Ahyram olary özlerindäki ors ýesirleriniň käbirleri bilen çalyşmaly, diýen netijä geldiler. Şonuň üçinem haýsysyny gerekliräk hasap etseler özleri saýlap alarlary ýaly, galadaky otuza  golaý ors ýesirleriniň sanawyny düzdüler. Uly sadakany sowuşlary ýalam Gulbatyr serdar bilen Ahallyny baş edip, ýedi adamy ors goşunlarynyň arasyna ugratdylar.

Bu wagt goşuny general Tergukasow ýolbaşçylyk edýärdi. Ol hem ors-türk urşuna gatnaşyjylaryň biri. Öň şol wezipäni wagtlaýynça ýerine ýetiren, Ahala eden ýörüşi şowsuz tamamlanan Lomakin bolsa işden çetleşdirildi.

Tergukasowyň goşun başlyklygyna bellenendigini Ahaldan çykyp Çekişlere barýan goşun Bamydan geçip, Hozly derede düşlän pursaty eşitdi. Tergukasow bilen Türkiýedäki Baezid galasyny almaga gatnaşan soldatlar muňa diýseň begendiler. «Şonuň bilen hut häziriň özünde Ahaltekä dolanmalam bolsa biz taýýar» diýşip, gygyryşdylar. Haçan-da Çat berkitmesinde durkalar, onuň hut ertiriň özünde bu ýere geljekdigini, derrewem gözden geçiriş gurnajakdygyny eşidensoňlar-a şatlykdan ýaňa bir ýerde durup bilmediler. Biri-birlerini gutladylar, gujakladylar. Uzynly gijäni gorsanyşyp, Baezid galasyndaky wakalary ýatlaşyp geçirdiler. Daň bilen turup, general bilen boljak duşuşygyň sakgal-murtlaryny syrdylar, ýuwnup-ardynyp eşiklerini täzelediler. Aýakgaplaryny tämizlediler, dyrnaklaryny aldylar, saçlaryny bejerdiler.

1879-njy ýylyň 19-njy sentýabr güni, öýlän sagat dörtde Tergukasowyň gelmeginiň hatyrasyna hatara düzüldi.

Ähli resmilikler tamam bolandan soň, Tergukasow öz köne esgerleri bilen eleşip görüşdi, käbirleri bilen gujaklaşdy. Garaz, özüni öz soldatlaryndan saýry bir adam hökmünde tutmaýandygyny bildirdi. Olaryň tamasyny aňryýany bilen ödedi. Soň esli wagtlap olar bilen mesaýy gürrüňler edişip durdy.

Şeýlelikde, türkmen ilçileri indi Lomakin bilen däl-de Tergukasow bilen iş salyşmaly boldular.

Olar başda goşun Bendesendedir, aňry gitse Çatdadyr öýdüp gelýärdiler. Ýöne, Çekişlere gitmeli boljakdyklaryny bilenlerinden soňam olar yzlaryna dönmediler. Çünki, olar nirede düşlänem bolsalar baryp goşun serkerdesi bilen gepleşmek, her edip, hesip edip türkmen ýesirlerini boşatmak barada Nurberdi handan görkezme alypdylar.

Gökdepeden çykaly bäri olaryň gözleri ibaly zada-ha düşmedi. Garny ýarylan, aýaklaryny dik ýokary tutup ýatan düýe maslyklarymy, ýarysyny şagallar iýn ýarpy göwreleriniň gapyrgalary somalyşyp duran ýabylarmy, howul hara gazylyp, içinde adam jaýlanan mazarlarmy, taşlantgy goş-golamlarmy, gany gatan ýyrtyk eşiklermi, garaz, ruhyňy göterer ýaly görnüşe-hä gabat gelmediler. Daş-töwerek tutuşlygyna sus hem gamgyn sypata giripdir. Bar zat ýürekgysgynç. Hatda asmandaky mollatorgaýlaryňam saýraýyşynyň öňküligi ýok. Edil, barysy bir ýere üýşüp ýas mukamyny çalýan ýaly.

Çat berkitmesiniň özünde başujyna hatda agaçdan ýasalan haç hem oturdylyp, elinjek jaýlanan mazarlaryň iki ýüzdenem geçýändigini görüp, ilçiler keselçiligiňem olary özlerinden kem gyrmandygyna göz ýetirdiler.

Ýol welin entek uzak. Geçmesi kyn. Hatarly. Esasanam Bendesen geçidi. Bekdepe geçidi. Şu ýoly ors goşunynyň toplary tophanalary, atlary-arabalary bilen nädip geçendigi hem ilçileri az haýran galdyrmady. Çatda, Tersakanda, Düzolumda we başga-da birnäçe ýerlerde gurlan harby berkitmeler, hemişelik hereket edýän garnizonlar, ok-ýarag, ot-iým ammarlary, şol ýerlerdäki soldatlaryň özlerini edil öz öýlerinde ýaly arkaýyn alyp baryşlary olaryň bu jelegaýlarda ymykly ornaşandyklaryndan, yza çekilen hem bolsalar basym gaýdyp geljekdiklerinden, ikinji Gökdepe urşunyň hökman boljakdygyndan habar berýär.

Her berkitmä baranlarynda soldatlardyr-ofiserler ilçileri ýüzlerini sallaşyp, gaşlaryny çytyşyp örän sowuk-sala garşylaýardylar. Diňe habarlaryny berenlerinden soň we ors ýesirleriniň sanawyny görenlerinden soň olara düşlemäge, dem-dynç almaga, ýollaryny dowam etdirmäge rugsat berýärdiler. Indiki berkitmä çenli ugradar ýaly, ýanlaryna bir ýa-da iki sany soldat goşýardylar.

Düzolumdan soň daglyk gutardy. Ýedi-sekiz kilometre çenli uzalyp gidýän, beýikli-pesli baýyrlyklar başlandy. Ýoluň şondan soňky bölegini Hazar deňzine çenli uzap gidýän düzlük meýdan tutýar.

Şu içgysgynç aralyk ilçileri hasam beter ýadatdy.

Ahyry Çekişlerdäki garawul wyşkalarynyň ilk-ä çür başy, soň özi, ondan soň gara öýler, çadyrlar, göründi.

Ilçileriň barysy bir wagtyň özünde deýen ýaly ylydan demlerini aldylar.

General Tergukasow ilçileri ýoldaky ofiserlerdenem has sowuk garşy aldy.

Gulbatyr serdar näme maksat bilen gelendiklerini termeçiniň üsti bilen gysgaça düşündirdi. Soňam elindäki sanawly kagyzyny goşunbaşlygyna uzatdy.

– Şunda siziň ýesirleriňiziň sanawy ýazylgy. Şularyň arasyndan on ikä çenli isläniňizi saýlap alyp bilersiňiz.

General geňirgenmekden ýaňa ýeke bir gaşlaryny däl, gollarynam gerdi. Ýüzünde ýalan ýylgyryş, äsgermezçilikli syrtarylma peýda boldy.

– Näme üçin on iki? Näme üçin dört däl? Başa-baş däl.

– Sebäbi, biz parslar bilen ýesir çalyşanymyzda bir tekä bäş gajardan, käte bolsa on gajardanam çalyşaýýardyk. Sebäbi, söweşde biziň ýigitlerimiziň biri şonça gajara taý gelýärdi. Muňa parslaryň özlerem kaýyldylar. Ýöne, ine, siziň sallatlaryňyz welin, ýaraglarynyň üpüjünligindenmi, nämemi, olara görä birneme batyrgaýrak. Şonuň üçinem, biz her bir ýigidimiz üçin üç sallat berjek.

Gulbatyr serdar öz sadalygyna görä, soldatlara gymmadrak nyrh kesmek bilen generalyň göwnüni awlaryn, parslardan parhlandyrylandygy üçin onuň öz soldatlaryna bolan buýsanjyny artdyraryn öýdüpdi. Hakykatda, welin onuň ol sözleri düýbünden ters netije berdi. Generalyň myrryhyny tutdurdy. Öler ýaly gaharyny getirdi. Namysyny oýardy. Beýnisini gyjyndyrdy. Egerde, Dykma serdarly wakadan soň ýokary çinli ofiserleriň adyna ýerli halkyň ilçileri bilen geçirilýän gepleşiklerde harby diplomatiýanyň halkara düzgünlerini berk berjaý etmek barada Imperatoryň hut öz adyndan ýörite buýruk gelmedik bolsady we şol düzgüni bozan adamyň kimdigine garamazdan harby tribunala beriljekdigi hakynda ýörite nygtalmadyk bolsady, onda, Tergukasow hem edil Lomakin ýaly şol pursadyň özünde Gulbatyr serdary ähli nökerleri bilen bilelikde bendi edip gulp astyna taşladardy. Gulbatyr serdaryň deňeşdirmesi ony şeýle bir kyn güne saldy welin, ýarylaýmakdan, aýtmasyz bir zady aýdaýmakdan zordan saklandy. Başdaky ýalan ýylgyryşdanam, äsgermezçilikli syrtarylmasyndanam nam-nyşan galmady. Onuň bar diýeni şu boldy:

– Beýlede bir bähbidini-zyýanyny bilmeýän, düşünjesiz, halk bor eken-ow. – Ol: gidiberiň diýen manyda aňyrsyna öwrüljek ýalam etdi-de, ilçileriň hiç biriniňem ýüzüne seretmän, ýöne gaharly gürledi. – Size ýene bir sagatdan jogap bererler.

Aýdylan wagty jogap berildi. Namysly tarapy etlerini iýip barýan hem bolsa, goşunyň geňeş topary şertiň bähbitli tarapyny saýlap aldy: Türkmenler öz

göwünlerini näme diýip hoşlasalar hoşlabersinler, bize welin bir soldatymyzy artyk alybilsek bir peýda. Ras, dört tekä on iki soldat berýälermi, almaly!

Olar ilçilere ýesirleriň Gökdepä haýsy gün näwagtlar eltiljekdiginem aýtdylar. Ýöne, olar bilen gürleşmäge welin rugsat etmediler.

Türkmen topary ol gün şol ýerde bolup, ertesi yzlaryna dolandylar. Işiň oňyn çözülmegi, gepleşigiň  şowly geçmegi olaryň bedenlerindäki argynlyklaryny aýyrdy. Esasanam Gulbatyr serdaryň süňňi ýeňlän ýaly boldy. Gelişin ýolboýy içini hümledip, dymyp gelen serdar gaýdyşyn ýolboýy gürledi.

Olaryň getiren hoş habarlary galadakylaryňam hemmesiniň süňňüni ýeňletdi. Bu habara esasanam dört ýesiriň dogan-garyndaşlary begendiler. Ilçi bolup gidenlere köp-köp minnetdarlyk bildirdiler.

Elbetde, bu habara ýesirlerem az begenmediler. Kimiň gidip, kimiň galjagy belli bolmasa-da, garaz kalplarynda umyt uçgunjyklaryny köretdi.

Belleşilen güni Gökdepe galasynyň günbatar tarapyndan ak baýdak göterip gelýän bir bölek atly soldat göründi. Garawulda duran türkmen ýigitleri  olary gala ýetirmän sakladylar. Habarlaryny aldylar. Şol ýerde garaşmaklygy tabşyryp, Nurberdi hana habar gönderdiler.

Nurberdi han gyssagly suratda ors ýesirlerini galanyň ortasyndaky takyr, ak meýdana ýygnamak we derhal çalşyk geçirmek barada Gulbatyr serdara görkezme berdi. Beýleki han-beglerem, serdarlaram  aýaga galdyrdy. Hemme ýesirler  bilen bilelikde, gandalyny «şakyrdadyp» Iwaşowam geldi. Gelşi ýalam eýýämhaçan bu ýerde duran Hajynyň  alkymyna dykyldy. Akja kirpiklerini gyrpyldadyp tüňňi maňlaýynyň aşagyndan mölerilip ýüzüne seretdi.

– Näme üçin ýygnadylarkan-aý?

–Ýesir çalşyk boljakmyşyn.

– Be-e... Çyn bolup çykdy-ow, seň aýdanyň.

– Şeýle ýaly...

– Hemmämizi çalyşjaklarmykan?

– Ýok, on iki adam.

– Hany, sanawa hemmämiziňem adymyzy ýazyp äkitdiler-ä?

– Ony bizikileriň aramyzdan kim-kimleri saýlarlary ýaly.

– Be-e... Näme üçin beýle az saýladylarka?

– Dört adama on iki adam azmy?

– Aý, ýok, az-a däl, ýöne, gidenimize görä hemmämiz gitsek gowy-da.

– Bu türkmenleriň öz goýan şertleri. Dört türkmene on iki soldat.

– On ikiniň kim-kimlerdigi bellimi?

– Bilemok. Men diňe sanyny eşitdim.

Bu gürrüň agyzdan-agza geçip ýesirleriň arasyna ýaýrady. Güýzüň ahyrlarydygyna garamazdan, şol gün howa-da diýseň maýyl boldy. Günüň şöhlesi ýesirleriň ýagyrnylaryny birsyhly çoýdy durdy. Olar welin ynjalyp oturybam bilenoklar, durmana-da kararlary ýetenok. Biri-birleriniň ýanlaryna barýarlar, pikir alyşýarlar, birdenem «alaşakyrdy» bolşup aşak çökýärler, soň üene garasar sürüsi ýaly «gürre» örýärler, derwezä tarap boýunlaryny süýndürişip seredýärler.

Hemmesiniňem başynda: «Meniň adym çykarmyka ýa galarmykam» diýen alada. Şol ünji Matrosowam öz gününe goýanok. Gitdigiçe-de howsalasy artýar. Iki baka elewräp ýörşine her kime bir sorag berip ýürege düşýär. Ähli kişi gidip bir özi galyp barýan ýaly:

– Nämüçin hemmeleri boşadanoklar? Nämüçin ýarymyz bu ýerde galmaly? – diýip, özelenýär. Öňküdenem beter ullakan mawy gözlerinden akýan ýaşy aýalary bilen süpürýär. Hamala hemme zady şol çözýän ýaly, aýlanyp-öwrülip ýene-de paşy burnuny Hajynyň kükregine oýkaýar. – Aýtsana, Hajy, nämüçin ýarymyzdanam gowragymyzy taşlap gidýäler?.

Gara dagyň bir bölegi ýaly gabarylyp, sarsman oturan Hajydan welin ses-üýn çykanok. Sebäbi, o zatlaryň jikme-jigini onuň özem bilenok.

Oňa çenlem Gulbatyr serdar öz nökerleri bilen at segredip ýetip geldi. Onuň yzysüre Ahallam, Dykma serdaram geldi. Gulbatyr serdar bilen Ahallynyň atlary derden ýaňa bugaryşyp durlar. Özleriniňem maňlaýlary der damjalaryndan doly. Agyr aladanyň astyndadyklary, şu üýşmeleňi gurnamak üçin esli wagt bäri iki-baka at salyp ýörendikleri bildirip dur. Gulbatyr serdaryň ak atynyň reňki derden ýaňa gögümtil-küle reňke öwrülipdir. Gyzgynynamy, nämemi ol at bir duran ýerinde durup bilenok. Başyny silkip kä öňe dyzaýar, käte-de yza tesip esli ýere çenli götinjekläp gidýär. Birdenem, Gulbatyr serdaryň haý-küşüne-de bakman iki aýagynyň üstüne galýar we öň aýaklaryny howada kelemenledýär, aýaklaryny ýere goýandan soňam duran ýerinde edil ik ýaly pyrlanmana başlaýar. At birneme köşeşenden soň Gulbatyr serdar ýesirleriň öňünde söz sözledi. Sanawyň öz goşunbaşlyklary tarapyndan düzülendigini, kimiň gidip, kimiň galmaly boljakdygyna türkmen tarapynyň dahylsyzdygyny düşündirdi. Hajy terjime etdi.

Şondan soň Gulbatyr serdar at üstünden eglip, sanawly kagyzy Hajynyň eline tutdurdy.

— Oka!..

Ýüregine turuwbaşdan sowuk suw urmak üçin öz adyny gözledimi ýa sanawda kim-kimleriň bardygyny öňünden biljek boldumy, Hajy ýüzüni ak tam edip sanawy howul-hara gözden geçirdi. Uludan demini aldy. Soňam: «Haýsyňyzyň adyňyzy öňürti tutaýyn» diýýän ýaly başyny galdyryp soldatlaryň ýüzüne ýeke-ýeke garap çykdy. Soldatlaram oňa tarap tutuş göwreleri bilen owsun atyşdylar. Ýesir düşeli bäri hasam inçelen boýunlaryny Haja tarap süýndürişdiler. Agramlaryny saklap bilmän, öňe tarap entirekleşdiler. Şonda olaryň aýaklaryndaky gandallar «alaşakyrdy» ses edip, atlary ürküzdi. Gulbatyr serdaryň henizem doly köşeşmedik aty haýkyryp arkan zyňdy. Onuň bilen ýanaşyk duran Ahallynyň atam başyny silkip, bir gapdala buruldy. «Hokrandy». Duran ýerinde däbşenekledi. Yza tesdi. Nökerleriň atlaram tebil tapyşyp ynjalyksyz hereketler etdiler. Başlaryny silkişip başly-barat kişňeşdiler.

Hajy çalgyrt ors dilinde sanawy okap başlady.

Kimiň ady çyksa bir çetde aýratyn duruzdylar. Şol iş üçin ýörite çagyrylyp getirilen Abdylla ussa bolsa olaryň gandallaryny aýyrdy. On bir adam bilen şol ýagdaý dowam etdi. On ikinji at galanda entek ady çykmadyklaryň barysy birden duran-duran ýerlerinde doňdular-da, bir gulaga öwrüldiler. Her kim öz adynyň çykaryna garaşdy. Olaryň ýürek urgularynyň zarbyndan ýaňa belent galanyň galyň diwarlary yraň atdy. Ýöne, on ikinji bolup olaryň hiç bireniňem ady çykmady. Hajynyň öz ady çykdy.

Bu, beýleki soldatlaryň göwnünde güman döretdi. Has beterem Matrosowyň kalby eýesine ynjalyk bermedi. Ol kükregini ýelden doldurdy-da, gözlerini, burnunyň deşiklerini şeýle bir çerreltdi welin, tes-tegelek ýasy ýüzüniň üstünde asyl şol dört deşikden başga barmak basara-da boş ýer galmady. Ol gybyrdyklap bardy-da, Hajynyň alkymyna dykyldy. Sanawly kagyza ýapyşdy.

— Hany, görkez! Samawy görkez! Getir şony maňa ber! Öz adyňy sen iň soňunda özüňden goşduň! Şol men bolmaly! Saňa derek men gitmeli! Men hökman gidäýmeli! Meň, ejemi göresim gelýä! Meň ejem ýarawsyz. Mallara seredere-de adam ýok. Üstesine jaýymyzyň üçegem deşikdir...

Hajy sanawy onuň gözüne golaýlatdy. Matrosow hernäçe dümtünse-de, ol ýerden öz adyny tapyp bilmedi. Şu gezek okanda çykaýjak ýaly gaýtalap-gaýtalap okady. On iki adamyň ady bir kagyzyň ýarysyna-da ýetmän gutarýandygyna garamazdan, agdaryp, kagyzyň arka ýüzüne-de üç-dört gezek dagy seretdi. Halys bolmandan soň «has-has» edip Hajynyň ýüzüne ýaňadandan çiňerildi. Kellesiniň

gyzgynyna aýtmasyz zatlaram, türkmen serdarlaryna ýaramajak zatlaram aýdyberdi.

— Näme üçin meni goýup gidýäňiz? Ýa men ilden kem söweşdimmi? Ilden az gan dökdümmi? Ýa men Watana gerek dälmişimmi?..

Onuň bu sözleri hatda ýesirleriň özlerinem üýşendirdi. Olar topbaklary bilen tolkun atdylar-da, Gulbatyr serdara, Dykma serdara, Ahalla we olaryň daş-töwereklerini gallaşyp duran nökerlerine tarap howsalaly seredişdiler. Matrosowyň aýdanlarynyň manysyna düşündikleri barymyzyňam başymyza kyýamat geler, öýdüp gorkdular.

Hern-ä serdarlar Matrosowyň näme diýendigini Hajydan soramadylar. Soraýanlarynda-da onsuzam towy ýeten dartgynly ýagdaýyň hetden aşmazlygy üçinHajy ony başgaçarak terjime ederdi.

Hajy sanawly kagyzy Matrosowyň elinden aldy-da, ýokary galdyrdy.

— Doganlar! Hiç haýsyňyzam hiç kimden nägile bolmaň! Komandirlerimizdenem kine etmäň. Hemmämize deňlik bolar ýaly, on iki adam sanawdan elipbiý tertibi boýunça saýlanyp alnypdyr. Her kim öz bagtyndan görsün. Meniň adymyň sanawda bardygyna başga-da betgümançylyk edýän bar bolsa, ine, okasynda göräýsin...

Hiç kimiň özüni ýoldaşyna betgümançylyk edýän adam hökmünde görkezesi gelmedi. Hiç kimiň eli sanawa tarap uzamady. Asyl, şol tarapa nazaram aýlamadylar. Aşak bakyşyp dymdylar durdylar.

Hajy haty eltip Gulbatyr serdara gowşurdy we ady çykan soldatlaryň arasyna baryp durdy. Abdylla ussa onuňam gandalyny aýyrdy.

Sähelçe wagtlyk dymyşlyk emele geldi. Hatda Matrosowdanam ses çykmady. Soldatlaryň hersi duran-duran ýerlerinde owunjak hysyrdylara gümra boldular. Kim aýagyny owkalap otyr, kim üsti-başyny düzeden bolup dur. Biri boşanyna begenip ýylgyrjaklaýan bolsa, başga biri galanyna gynanyp sus dur. Ümsümligi şol zatlary at üstünden synlap duran Gulbatyr serdaryň hökümli sesi bozdy.

— Ady çykanlaryň hemmesi günbatar derwezäniň agzyna barsyn.

Hajy ugramanzyndan öň Iwaşow bilen gujaklaşyp hoşlaşdy. Ady çykmadyk beýleki ýesirler bilenem şeýdip hoşlaşdy. Boşap barýanlaryň hemmesi Hajynyň şol hereketini gaýtaladylar. Birbada gidýän kim, galýan kim, garym-gatym boldy. Gyssagara tanşyna-bilşine salam aýdýany haýsy, «Wah, galjagymy bilen bolsam öýe ibär ýaly hat ýazardym», diýip, buduna urýany haýsy, garaz ber-başagaý boldular. Sesini çykarman, bir çetde gözüne ýaş aýlap duranam bar. Şol ikiarada-

da şorta sözjagaz tapyp, özüniňem, ýoldaşlarynyňam göwünlerini awlamaga çalyşýanlaram ýok däl. Buýrugyň ikinji gezek gaýtalanmagy bilen, hümeriň arasyndan on iki kelle saýlandy we galanyň görkezilen derwezesine tarap ümzük atdy. Olar üçin bendiligiň ýürekgysgynç günleri we güzaply aýralygy tamam boldy.

Sanawda sadaka güni süýreklenip ýörlen golsuz we agsak soldatlaryňam atlary agzalmady. Ana, şol ikisem iňňän kyn güne düşdüler. Hernäçe syr bildirmejek bolsalaram içlerinde harasat gopýandygyny hemmeden öňürti Gulbatyr serdar duýdy. Öňi bilen şol ikisini göz öňüne tutmaklaryny Çekişlere baranlarynda goşun başlygyndan haýyş etmekligi ýadyndan çykarandygyna ökündi. Çünki, olar ýöne bir ýesirem däl-de maýyp ýesirdiler. Oturan-turan ýerlerinde ýoldaşlaryna elgaramadylar.

Şonuň üçinem, ol şol mesele boýunça derhal Nurberdi hanyň ýanyna adam iberdi. Howul-hara Dykma serdar bilenem maslahatlaşdy. Nurberdi handan oňlaýjy habar gelendenem ol ikisiniňem aýagyndan gandalyny aýyrmaklygy we ýoldaşlarynyň yzyndan ugratmaklygy Ahalla tabşyrdy. Şeýlelikde, boşadylan ýesirleriň sany on dörde ýetdi.

Maýyplar özleri barada alada edendigi üçin Gulbatyr serdara köp-köp minnetdarlyk bildirdiler. Beýleki han-begleriň öňünde-de hormat bilen baş egdiler. Gaýdyp türkmen ülkesine elleri ýaragly girmejekdiklerine söz berdiler. Eýýämhaçan derwezä ýetip barýan ýoldaşlarynyň yzyndan ýetmek üçin agsaklaşyp, towsaklaşyp ugranlaryndan soňam mahal-mahal saklanyp yzlaryna öwrüldiler, öz yzlaryndan gözigidijilik bilen garap duran ýoldaşlarynamy ýa ýene-de, özlerini bendilikden boşadan han-begleremi, gollaryny buladylar. Soň ýene-de öwrülip ýollaryny dowam etdirdiler. Sähelçe haýal-ýagallyga ýol berseler tutulyp ýene-de yzlaryna äkidiläýjek ýaly ýagdaýlarynyň ýetdigine görä ylgaşladylaram. Käte deňagramlylyklaryny saklap bilmän o ýan, bu ýan patanaklaşdylar-da, ýa ýüzün, ýa ýanyn ýykyldylar. «Hyk-çok» ýerlerinden galyp, goltgy bermek üçin biri-birleriniň goltuklaryndan girdiler, söýget berdiler we ýene-de ýollaryny dowam etdirdiler.

Ol ikisiniň sanawdan daşary goýberilendiklerini görüp, Matrosowam ýoldaşlaryndan saýlandy-da, derwezä tarap gybyrdyklap başlady.

– E-eý, doganjyklar! Duruň-ň!.. Menem özüňiz bilen alyp gidiň-ň!..

Türkmen ýigitleri onuň öňüni gabadylar. Sakladylar. Özleriniňkileriň arasyna getirdiler. Özüni ýuwaş alyp barmaklygy sargadylar. Ol welin, şo-ol, bir wagt içi ajy suwly guýunyň başynda bolşy ýaly oturýerini ýere urdy-da, çaga ýaly aýaklaryny däbşenekledip aglamaga başlady. Birdenem ýerinden turdy-da, ylgap

baryp, Dykma serdar bilen entegem bir zatlar barada pikir alşyp duran Gulbatyr serdaryň üzeňňisinden aslyşdy.

– Menem goýberiň! Jenap han, jenap serdar, menem boşadyň. Meňňem ýagdaýym ýaňkylaňkydan gowy däl... Meňňem... Öýe gidesim gelýä...

Indi Hajy ýok. Diýmek, terjime edere adam ýok. Ýöne, onuň näme diýýäni Gulbatyr serdara onsuzam düşnükli. Onuň öýlerine gidesi gelýär. Ýeke bir bujagaz burny paşşyk, pişikgöz soldatyň däl, ho-ol, giden ýoldaşlarynyň yzlaryndan garaşyp duran beýleki kazaklaryňam gidesleri gelýär. Ýöne, olar munuň ýaly özelenip, oda-köze düşüp baranoklar. Öz erkeklik mertebelerine mahsus derejelerini saklap durlar.

Umumanam, olar özlerini asuda alyp bardylar. Mert durdular. Ejizlemediler. Ähli dertlerini berk ýumulgy aýalarynyň içinde, çygjaryp duran mawy gözleriniň owasynda, gysylgy dişleriniň aňyrsynda gizlediler. Nadaralygam etmediler. Hudaýdanam nalamadylar. Ähli zady bolşy ýaly kabul etdiler. Maňlaýlaryndan gördüler.

Ýoldaşlary derwezeden çykyp gidenlerinden soňam olar esli wagtlap şol tarapa seredişip durdular. Özara bir zatlar barada gürleşdiler. Hususanam komandirleriniň özleri hakda-da alada etjekdikleri, basym özleriniňem bu ýerden gitjekdikleri barada göwünlerine teselli berip biläýjek sözler aýdyşdylar. Şeýdibem dargaşdylar. Her kim öz sümelgesine tarap mytdyldap ugrady.

Derwezäniň agzyna üýşensoňlar, ýesirleri lükgesi bilen galadan çykardylar.

Özüniň üç sany nökeri bilen Gulbatyr serdar olaryň sag tarapyndan, Ahally bolsa çep taraoyndan ýöredi. Dört sany eýerlenen, üsti boş aty bolsa boşadyljak dört ýesir üçin idekläp äkitdiler.

Galadan sähelçe saýlananlaryndan soň, bir topbak atly kazak bilen dört ýesir göründi. Belli bir aralyga baryp türkmenler durdular. Gulbatyr serdar Ahallyny öňe iberdi. Ol tiz wagtdan gaýdyp geldi we ähli zadyň gepleşişleri ýalydygyny habar berdi.

Ýesir çalşyk uzaga çekmedi. Ak baýdakly dört soldat türkmen ýesirlerini alyp bäriligine ýöriş etdiler. Ahallam on dört ýesir bilen şol tarapa ýöneldi. Iki tarap üçinem aralyk ýerde duşuşdylar. Näme üçin ors ýesirleriniň on iki däl-de, on dörtdigi barada hiç hili gürrüň bolmady.

Olar aňryk gitdiler, türkmenlerem bärik gaýtdylar. Bu hysyrdylaryň barysy birigip bary-ýogy ýarym sagada golaý dowam etdi.

Ertirden bäri haplap duran çygly, ýyly howa öz ornuny salkynjak güýz şemaly bilen çalyşdy. Adaja ýel öwüsdi. Ak takyrlaryň üsti bilen kem-kemden

köpelip ýegdekleşip barýan peşmekleriň daş sypatlary diýseň gülkünç göründi. O ýan, bu ýan ygyşýan köne-küşül esgiler welin olar ýaly uzaga gidip bilmediler. Hersi bir çöpe-çalama çolaşyp galdylar.

Gulbatyr serdar, Ahally we beýleki nökerler ýesirleri alyp gala girenlerinden töwerek-daşlaryny adamlar gurşap aldylar. Gujaklaryny gerip, ýesirler bilen ýeke-ýeke görüşdiler.

Ýusup ähli hossarlaryndan öňürti öňünden moýmanaklapjyk çykan üç ýaşlyja oguljygyny bagryna basdy.

Hakyda mollalara barýan şu ýoluň köp bölegini Iwaşow ozal Hajy bilen geçýärdi. Kä ýerde durup onuň bilen içgin-içgin sözleşýärdi. Soň ýene ýoluny dowam etdirýärdi. Kynlyk bilen hoşlaşýardy. Ine, indi ol ýok. Şonuň üçinem, ýol ugrundaky her bir zat oňa Hajyny ýatladýar. Şol zatlara bakyp göwni bozulýar. Bokurdagy dolýar. Gözlerine ýaş aýlanýar. Onuň boşandygyna, öýüne gidendigine begense, öz durmuşynda hiç zadyň üýtgemändigine gynanýar.

Elbetde, beýleki ýesirler ýaly o-da goşunyň Börmä ýa Bama, gaty gitse Bendesene baryp, birneme güýjüni tijänden soň ýene-de gadyp geljekdigine ynanýar. Şu günki boşap gidenleriň agsak bilen golakdan öňňesiniň öýlerine goýberilmejekdigine-de, olaryň bu ýere indi ikinji gezek elleri ýaragly gaýdyp gelmeli boljakdyklaryna-da, özlerini şunça wagtlap ekläp-saklan, bejeren adamlara tarap, ok atmaly boljakdyklaryna-da ynanýar. Şonuň üçinem, goşun gelýänçä ol özüniň şu ýerde saklanaýanyny kemem görenok. Gala alynandan soň ümsümjek özüniňkilere goşulyp gidiberer welin, bolar duruberer. Galanyň alynjakdygyna bolsa söz ýok. Çünki, aralarynda bolup ýören döwri ol tekeleriň ok-ýarag meseleleriniň çak edişindenem bäş beter ýabygorludygyna göz ýetirdi. Ýaş oglnlar heniz-henizlerem galanyň içinden ok, snarýad böleklerini çöpleşip ýörler. Üstesine, täze geljek goşunyň ünjünçilik ýagdaýy öňküdenem has gowy boljakmyşyn. Diýmenk, uruş geçen gezekkesindenem has aýylganç bolar. Ine, hut şonuň üçinem, Iwaşowyň indiki hüjümçileriň arasynda bolasy gelenok. Çünki, ol bu halk bilen iki aý gowrak wagt bäri il bolup otyr. Olar bilen bir gapydan girip-çykyp, ellerinden iýip-içip ýör. Hut şolaryň kömegi bilen dertden gutuldy. Indem gidäge-de, sanlyja aýdan soň eli ýaragly üstlerine sürnüp geläýse, ony Hudaýam halamaz. Birdenkä, atan oky Enehakyda, Hakyda molla ýa Baýramgül tebibe degäýse dagy-ha ol ýulunmaza gider. Şolaryň biriniň öz okundan ölenini görenden, Iwaşow galan ömrüni öz obasyny, Maşany, hatda mähriban ejesinem görmän geçirenini ýeg

saýar. Onsoňam, iň bolmanda goý, daşyndan bolsun, goý, ogrynça ýa kä mahal bolsun, özleriniňkiler gaýdyp gelýänçäler Enehakydany daşyndan synlap, gül keşbine guwanyb-a gezer. Onuň oturşyndan, turuşyndan, girişinden çykyşyndan lezzet alar. Samanhananyň penjire hökmünde goýlan deşijiginden seredip, öýleriniň daş işiginde kir ýuwup, iç işikginde saçyny timarlap, ortradaky ojagyň başynda biş-düş edip oturan Enehakydany mundan buýana-da hemişekileri ýaly daşyndan synlab-a gezer. Diňe şol zatlaryň özem Iwaşow üçin dünýe malyna degýär. Saçynyň çep tarapyny ýuwan wagty sag, sag tarapyny ýuwan wagty çep tarapy gara perde ýaly aşak dökülýär-de, Enehakydanyň ýüzüni bütinleň örtýär. Şonda Iwaşow gynanýar. Durlamak üçin iki tarapynam birikdirip ak bilekli gollary bilen sykyp başlaýaram welin, bulutdan çykan Aý ýaly bolup, ýeke bir ýüzi däl, eýsem gazyňka ogşamyş boýnam, ak gar kibi alkymam birenaýy akjaryp görünýär. Döwekçi ýaly ýumşak samany depgiläp duran ýigidiň şonda huşy başyndan uçýar, ýesirlik ýatdan çykýar, bir oturýar, bir turýar, birdenem dyzyna çökýär-de, hamala şol ýerde Isa pygamberiň suraty asylgy ýaly kepbäniň bir burçuna bakyp, ýetişibildiginden çokunmaga, samramaga başlaýar. Soň hasanaklap ýerinden turýar-da, özi üçin elýetmez gyzy hiç bolmanda ýene bir gezek daşyndan synlap galmak üçin şol öňküje ýerine, deşigiň agzyna dykylyp barýar...

Howwa, ol dert çekýär. Şol dertden ýaňa ol indi özüniň ýesirlik derdini duýanok diýseňem boljak. Ýöne, şol derdiň içinde üýtgeşik bir lezzetiňem bardygyny welin aňýar. Ana, şol lezzetli jebir hem ony öz erkine goýanok. Soň ýeri ol şol jebriň özünden aýrylyp gidibermegini gaty bir isläbem baranok. Ol şo derdi tä, ömrüniň ahyryna çenli, şu saman kepbäniň içinde çekip geçirmelem bolsa kaýyl. Şonuň üçinem ol özüniň çalşykdan galanyna gaty bir gynanybam baranok. Ýöne, onuň bir gorkýan zady bar. O-da günlerde bir gün Ahallydyr – Ruhy batyryň haýsam bolsa biri geläge-de, Enehakydany alyp ötägidibermesin diýen gorky. Bu meselede ol hususan-da Ahallydan gorkýar. Sebäbi Enehakydanyň şoňa göwün berendigini aňýar. Gyzyň oňa garaýyşam, görende özüni alyp baryşam, gürleşişem üýtgeýik. Dogry, ol Ruhy batyr bilenem gowy gürleşýär, ýöne, Ahally bilen gürleşişine garanda birhili arasynda perde duran ýaly. Çekinjeňlikmi ýa ile belli batyr ýigidiň dogumy sussuny basýarmy, ony görende gyz birhili aljyraberýär. Ýaýdanýar.Ruhy batyryňam ýaşlykda şu öýde önüp-ösendigini Iwaşow daş gulakdan eşitdi, ýöne, näme üçindir Ruhy batyram bu öýe gelende-de, gidende-de Ahally ýaly özüni erkin duýup bilenok. Söwdasy oňmadyk söwdagär, sözi ötmedik sawçy ýaly özüni birhili närahat duýýar. Gamgyn, sus görünýär. Gözleri bolsa hemişe arman içinde. Her gezek Enehakyda bilen hoşlaşjak bolanda gözlerine çyg çaýylýar. Damagy dolýar. Şeýdip, hiç zat diýibilmänem çykyp gidýär. Diýäýse-de

juda kynlyk bilen diýýär. Ah bilen pygan içre sözleýär. Şonda onuň agzyndan ataş çykýar, ýalynyň tebti bolsa baryp, gyzyň ýüzüne çabraýar.

Şu oýlara gümra bolup gelýän Iwaşow barmaly ýerine ýeteninem bilmän galdy. Enehakyda Baýramgül tebip bilen gapyda bir zatlara güýmenip oturan ekeni. Ony görüp Iwaşowyň süňňi sarsdy. Ýüreginiň urşy çaltlandy «gürsüldisi» gataldy. Olara bir zat diýip ýüzlenmäge özüni haksyz hasap edibem samanhana tarap ýöneldi. Ýöne, kümäniň agzyna ýetip-ýetmänkä Baýramgül tebip onuň yzyndan gygyrdy.

— Näme, sallat, seň adyň çykmadymy? – Iwaşow kellesini ýaýkady. Hamala her gün sanaw duran ýaly, ýesiriň göwnüni götermek üçin sadalaç gürledi. – Zyýany ýok, sallat nesibedir. Bu gün çykmasa erte çykar.

Iwaşow hasyr-husur samanhana sümüldi. Samanyň üstüne ýazylan gaty liminiň üstüne özüni atdy. Ilki gyşardy, soň arkan düşdi. Derrewem uklady. Gijäniň bir wagtlary üşäp oýandy. Görse, saman kepbäniň deşijeginden içerik Aýyň şöhlesi düşüp dur. Asyl, Aýyň özem görnüp dur. Megerem on dördi dolan bolsa gerek, ol tes-tegelek. Daşy agyllapdyr. Asman çalymtyk reýkde. Arassa däl. Daňdanlar goýy duman düşmegi mümkin. Ýyldyzlar garaňky gijelerdäki ýaly gür däl. Bolanjasynyňam nury öçük. Iwaşow Aýy has ine-gana synlamak üçin ýerinden turdy. Deşigiň agzyna bardy. Aý kem-kemden aşaklap, tä, Köpetdagyň garamtyl gerişlerine eňegini direýänçä syn edip durdy. Şonda Aý ýokardakysyna görä kän uly bolup göründi. Reňki bolsa ýaşyp barýan Güne meňzedi. Gyzardy. Daş-töwerek tukat bir görnüşe girdi. Bu hal Iwaşowyň kalbyna wehim saldy. Şondan soň ol Aýa seretmäne gorkdy. Yza çekildi. Kepbäniň içine göz aýlady. Emma Aýa köp sereden gözler birbada hiç zady saýgarmady. Göwnüne her burçda bir albassy ýalaňaç zenanyň sypatyna girip, dişleri döwük darak bilen sary saçlaryny darap oturan ýaly boldy durdy. Ol: «Molla aka-a!..» diýip, ulyili bilen gygyrybermekden zordan saklandy.

Aýyň daga duwlanmagy bilen, samanhananyň içi hasam garaňkyrady. Hä diýmänem, daňdanyň çigregi düşdi. Soldat ýene-de ýerine geçdi. Oňa çenli gözem garaňka öwrenişdi. Göwrümi giňedi. Ýöne, barybir uklap bilmedi. Geçen uruşdan ölmän galan horazlaryň biri-birlerine gezek bermejek bolýan ýaly dyngysyz hem başly-barat gygyryşmaklary bilen daň atdy. Soldat asgyryp ýerinden turdy. Daş çykdy. Ýöne, Aýyň ýaşan tarapyna seretmäge bogny ysmady.

Galanyň Gündogar diwary bolsa dogup gelýän Güni halka görkezmejek bolýan ýaly, al-asmanda magallaklap dur.

Agyrmy, ýeňilmi, ajymy, süýjümi, sen baýmy ýa garypmy, erkinmi ýa ýesirmi, parhy ýok, günler birsydyrgyn geçip dur. Iwaşowyňkam şonuň ýaly. Düýnjigem daşarda güýz şemaly şuwlap durdy, bu gün bolsa eýýäm gyş. Samanhananyň deşijeginden görünýän asmanyňam ýüzi öňküsi ýaly däl. Mähirsiz. Sowuk. Bir hata iş eden agtydyna ajysyny pürkmäne hyýallanýan ýowuz ata ýaly häli-şindi çytylýar. Käte bolsa ýüzünden gar ýagýar. Samanhananyň gamyş basyrgysyndan ujy çiş buz taýajyklary sallanýar. Iwaşow aşagynyň samanyny galňadýar.

Düýn ol Baýramgül tebipden diläp ýene bir köneräk ýorgança aldy. Elbetde, ol ony Hakyda molladan ýa Enehakydadan soran bolsa-da bererdiler. Ýöne, beýtmedi. Sebäbi, han-begleriň buýrugy boýunça ol Baýramgül tebibe degişli. Munuň jogapkärçiligini boýnuna alanam şol. Çünki, aýak üstüne galanlaryndan soň ors ýesirlerinem parslar ýaly bir ýere jemlediler. Göz astynda sakladylar. Ýöne Baýramgül tebip Iwaşowy ekabyrlardan haýyş edip öz ýanynda galdyrdy. «Men bir ýeke golly adam gaýtam iş-güýjüme kömekleşýä...» diýdi. Hakyda molla-da: «Şu sallat birhili üýtgeşik. Gepi-sözi edil, musulman çagasy ýaly. Gürrüňçilige höwesek. Ýaltanman aýdybilseň ýatman diňleýä», diýensoň ekabyrlar gaýra gaýşyp durmadylar.

Hakyda mollanyň aýdanlary dogry. Ýaňky sözleri ol Baýramgül tebibiň arkasyny almak üçin aýdanok. Iwaşow hakykatdanam gijelerini onuň bilen söhbetdeşlikde geçirýär. Dil bilişi ýabygorlyrak bolsa-da, garaz nägerek-eýle düşünişýär. Gün-gündenem ökdeleýär. Käte olaryň gürrüňine Enehakyda-da goşulýar. Ýöne, goşuldygy ýesiriň özüni oňaýsyz duýup başlandygyny aňýar-da, el işlerini alyp Baýramgül tebibiňkä çykyp gidýär. Atasy bilen ýesiirň gürrüňçiligi has uzaga çeken gijeleri bolsa, şol ýerde ýatyberýärem.

Iwaşowyň özem ýaşlygyna garamazdan hudaýhonrak adam bolansoň ol ikisiniň gürrüňi esasan dini meseleler babatda bolýar. Köplenjem Iwaşowyň soraglary gepbaşy bolup hyzmat edýär.

Bir gezek ol Hakyda molladan Kurany Kerimiň mazmuny musulmançylygyň esasy ündeýän zatlary barada sorady. Hakyda molla Kuranyň esasy ündewleriniň Allahyň barlygyny ykrar etmekden, ruhy hem ahlaky arassaçylykdan, namazdan, täretden, orazadan we haç parzyndan ybaratdygyny aýtdy. Yslam – bu beden we ruhy arassaçylygydyr, şeýtana, nebse garşy göreşdir, diýdi. Yslamyň özünden öňki dinleriň hiç birinem ret etmeýändigini, gaýtam olaryň hemmesine-de hormat bilen garaýandygyny, Nuh pygamberem, Dawut pygamberem, Musa pygamberem, Isa pygamberem Muhammet aleýhysalam bilen bir hatarda Allahyň resullary hökmünde kabul edýändigini, Töwradam, Zeburam, Injilem Kurany Kerim ýaly asmandan inen ylahy kitaplar hökmünde ykrar edýändigini ilik-düwme düşündirdi.

– O, Bože-e!.. – diýip, Iwaşow şonda ellerini tüýnüge serdi. – Slawa tebe gospodi!.. – Soň ol Hakyda mollanyň aýagyna ýykyldy. Patdyk-sutdugraga-da, türkmençe gepledi. – Molla aka! Siziňki Yslam biziňki hristian, ikisi-de — Ol sag eliniň süýem barmagy bilen sol eliniň süýem barmagyny biri-birine süýkedi. – Wo-o! Sen diýdi zatlar, men diýdi zatlar menzeş.

– Elbetde – diýende, begenmekden ýaňa Hakyda mollanyň gözlerine ýaş aýlandy. Hemme dinleriňem düýbi birdir. Maksatlaram birdir. Ol ýere olaryň hersi öz ýoly bilen barýa. Ana, şolam olaryň arasyna düşünişmezlik salýa. Mysal üçin, yslam şerap içmekligi, surata çokunmaklygy gadagan edýä. Pygamber bilen Hudaýy garyşdyrmagam bolmaýar. Pygamberiň enesi, atasy bolýar. Hudaý welin dogulanogam, dogranogam. Ol ýeketäk. Biler bolsaň yslamdan öň türkmenleriňem öz dini bolupdyr. Olar Gök Taňra, ýagny asmana uýupdyrlar. Şonuň üçinem, başda belli bir derejede yslama garşy durupdyrlar. Emma yslamyňam Taňryçylyk ýaly bir hudaýlylygy ündeýändigine kem-kemden düşünipdirler. Kabulam edipdirler.

–Düýnki uruş din urşumy, atam?

– Size näme diýip düşündirdiler?

– Bize hiç kim belli zat aýtdy ýok. Biri diýdi – türkmene kömek gerek. Ýene biri diýdi türkmeni inglizden halas etdi gerek... A biz kimiň üstüne gitdi, kim bilen uruşdy, näme üçin uruşdy, bildi ýok.

– Oňarmandyrlar. Aýtmaly ekenler. Düşündirmeli ekenler. Bar zady syýasatlaşdyrypdyrlar – Hakyda molla uludan demini aldy. – Howwa-da, aýdan bolsalar siziň parahat oturan ilatyň üstüne eli ýaragly gitmekden boýun towlaýmagyňyzam ahmal ahyry. Çünki, ýönekeý halk hiç haçan uruş islemeýär. Hiç haçan halk bilen halk uruşmaýar. Uruşýanlar hökümdarlar. Serkerdeler. Biziň bitewi bir döwlet däldigimizi, üstümizde aýagyny sallap oturan hökümdaryň ýokdugyny nazara alsak, düýnki uruş hökümdarlaryň urşam däl-de, bir hökümdaryň ejiz bir halk bilen, onda-da onuň bir taýpasy bilen urşy. Elbetde, bu urşy dini uruş hökmünde kabul etmekligi ündeýänler bizde-de ýok däl, bir seredeniňde bu şeýle ýalam bolup dur, ýöne, bu beýle däl, bu uruş barybir din urşy däl. Ors hökümediniň basybalyjylykly urşy. Diýdimzorluk urşy. Bizem döwlet bolan bolsadyk, onda ors hökümedi biziňem arkamyzda durjak döwletleriň tapyljakdygyny aňardy we beýdip, eli ýaragsyz, palçykdan galdyrylan pagsa galasyna bukulyp oturan halkyň üstüne sürnüp gelmezdi. Ýa-da aýdaly, ors hökümeti biziň üstümize nähili maksat bilen çozjakdygyny öz halky bilen maslahatlaşan bolsady. Onda ors halkynyň içinde ýekeje adamam şuňa razy bolmazdy. Gaýtam garşy bolardy. Hökümdarlyklaryny berkitmek üçin iki halk biri-birine düşünişmese gowy. Olar hökümdarlyklaryny berkitmek üçin hatda öz

raýatlarynyň arasyna agzalalyk salmakdanam gaýtmaýarlar. Olar Allanyň buýruklarynam, pygamberleriň parzlarynam diňe öz bähbitleri üçin ulanýarlar. – Hakyda molla başyny galdyryp tüýnüge seretdi. Asmana göz dikdi. – Wagt geler, dünýäniň ähli döwletleri bir döwlete birigerler, külli adamzat bir dine uýar. Biribara tarap bir ýol bilen gider. Şonda ýer-ýurt dawasam, din dawasam bolmaz. Şol zatlaryň şeýtany pygyllardandygyna külli adamzat düşüner. Adamzady köp garaşdyran, ähli enbiýalaryň, ömürboýy arzuw edip geçen ajap eýýamy geler...

– Dogry-y... – diýip, Iwaşow kellesini usullyk bilen aşak goýberdi. Ojakdaky ýanyp duran oda sesiz-üýnsiz seredip köp oturdy. Köräp duran oduň ýalkymyna şol wagt onuň ýüzi bolşundanam beter gyzyl göründi. Onuň Hakyda molladan ýene-de bir zatlar sorasy geldi. Ýöne, aňyrsynda dykyn alyp, daşyna dyňzap duran soraglaryň haýsy birini öňürti dile getirjegini bilmän ýaýdandy. Has beterem heçjikläp, sakynyp, gepimi düşündiribilmerin öýdüp çekindi. Şonuň, üçinem, ýaňky ýaly çynlakaý soraglary soň bir güne, birneme dile ökdeläýjek mýtdetlerine çenli gaýra goýdy.

Howwa-da! Gyş ýaňy başlandy. Uzakdan uzak, sowuk gyş gijeleriniň aglabasy entek öňde. Gürrüňleşere iç döküşere, dil tapyşara entek wagt kän.

## 5. Ýazlagda

Iwaşow Hakyda molla bilen şeýle bir öwrenişdi welin, Baýramgül tebibiň degşip aýdyşy ýaly, soňabaka ojakbaşynyň bir ýan tarapyny ymykly eýeledi. Haçan görseň dişini sogurjak ýaly ýaşulynyň agzyna aňkarylyp otyr.

Käte o-da özi, öz obasy, hossarlary, Orsyýediň gözel tebigaty, Kuban sähralyklary barada hopugyp-hopugyp gürrüň berdi. Esasanam ejesini köp ýatlady. Şolar ýalyda Hakyda molla gyýyldy. Onuň sag-aman yzyna dolanyp barmagyny arzuw etdi. Göwünlik berdi. Dünýeler düzelip gitse, gaýa-gopuz gopmasa, Nurberdi handan rugsat alyp öýüne gider ýaly etjekdigine söz berdi.

...Şeýdip gyş geçdi. Ýaz geldi. Howa maýlady. Il ýazlaga gidermen boldy.

Hemişeler Baýramgül tebip ýazlaga Enehakyda bilen giderdi. Goldaşyp işlärdiler. Bileje süýt sagardylar, ýaýyp ondan mesge alardylar, mesgäni gaýnadyp saryýag çykarardylar, peýnir, sargan ederdiler, gurt sererdiler. Ýöne, bu gezek Enehakyda galmaly boldy. Çünki, ýazyň çykmagy bilen Hakyda mollanyň ýagdaýy hasam ýaramazlaşdy. Kömekçisiz gitmeli boljakdygyna Baýramgül tebip juda gynandy. Ýaýdandy. «Dat, indi men nätsemkäm», diýip, oturan-turan ýerinde nalady. Onuň beýdip ýörşüni görüp Hakyda molla:

— Kömekçisiz galdym, diýip, gyýylma, Baýramgül. Sen ýanyň bilen sallady äkidäý. Asylam sen ony şolar ýaly närselere kömegi degsin diýip, ýanyňda alyp galdyň ahyry... Sen süýdüňi sagybilseň galan işleriňi şol eder.

Baýramgül tebip bada-bat köşeşen ýaly boldy.

— Ýaşulylar näme diýerlerkä?

— Olar bilen özüm gürleşerin.

— Gaçmazmyka?

— Gaçmaz. Sen gaçmasaň ol gaçmaz.

Baýramgül tebip «ýyrş» etdi.

— Weý, men näme üçin gaçaýyn? Nirä gaçaýyn? Nämeden gaçaýyn.

— Şoňňam seňkiden üýtgeşik gaçara ýeri ýok.

Şonuň bilen mesele çözüldi. Hakyda molla bu barada ekabyrlar bilen gürleşdi. Ýesiriň garamatyny öz boýnuna aldy. Soň Ahallyny çagyryp gandalyny aýyrtdy.

Gandalynyň aýrylandygy, özüniňem ýazlaga iberilýändigi üçin Iwaşow diýseň begendi. Ugrajak wagtlary üstüne palaň atylan, hor, ýaly çöp-çalamdan, guýrugy çakyrtikenden doly, gözleriniň jükgeleri çylpyklap duran ýaltarak, çakan ýabam berdiler.

Gerek ýeri bor, diýip, beýleki hojalyk gurallary ýaly iki öý üçinem ortalyk hasap edilýän, özüniň ýesir düşmegine sebäp bolan şo-ol, köneje kepjänem öňüne kese basdylar.

Ýazlaga Gökdepeden çykyp gündogara, guma tarap gitdiler. Birgiden düýeli, atly, pyýada adamlaryň çoguşyp baryşlary toý kejebesini ýada salýar. Aňyrky gat;ary çal görünýän gögümtil dag gerişleri kem-kemden daşlaşýar. Asman dury. Göm-gök. Lemmer-lemmer ak bulutlaram ýazlaga tarap hökürdikleşip barýarlar. Olaryň şekilleri ädimsaýy üýtgäp gidip otyr. Bulutlaryň lemmerlenip duran käbir bölekleri şeýle bir galyň hem ýumşak welin, üstüne çykaga-da, bir gyrasynda aýagyňy sallap oturyberesiň ýa-da aýagyňy çilşirip arkan ýatyberesiň gelýär.

Ýazlag döwri türkmeniň ýeke bir asmanyny däl, sährasynam görmäge göz gerek. Arly gyş üstünde gar ýatan gum gerişleriniň ýagyrnysy ýylaýar. Ak donuny gök dona çalyşýar. Mymyk şemal öwsüp, ýaşyl ýylaklaryň, goňurbaşlaryň baldaklaryny eda bilen yraýar. Olaryň arasyndan dürteripişip çykan akly-gyzyllyja güljagazlar, saryja jaňjagazlar biri-birlerine tarap owsun atyşýarlar. Bu ýyl baharyň birneme irräk düşendigi sebäpli eýýäm onda-munda gyzyl güläleklerem görünýär.

Syrgyn-syrgyn bolup kä ýerde ak, kä ýerde gyzyl, kä ýerde gara çigillemler başlaryny yraşyp otyrlar.

Keýik okaralarydyr-gamaklar, çomuçlaram şol zatlaryň görküne görk goşýar. Sansyz alakalar bolsa işleriniň uçursyz köpdügi üçin ýazlagçylar bilen gyssagara salamlaşyp galmakçy bolýan ýaly «hasyrdaşyp» çykýarlar-da, iki ellerinem galdyryp olara ak ýol arzuw edýärler we çykandakylaryndanam has howlukmaçlyk bilen sürenlerine sümlüşip gidýärler.

Mytdyldap barýan çakan ýabynyň üstünde, köneje kepjesini öňüne kese basyp oturan öňki soldat, häzirki ýesir Aleksandr Iwaşow bu zatlary birinji gezek görýär. Şonça wagtyň gandally bendiliginden soň eliň-aýagyň boşap, şular ýaly giň hem gözel sähra gülleriniň, ter otlaryň ysyna ýugrulan tämiz howadan dem almak onuň üçin tapylgysyz bagt.

Ýazlaga gelenlerinden soňky hysyrdylar Iwaşowa hasam gyzykly bolup göründi. Hususan-da saglyk goýunlaryň kökerilişi. Bir çetden-ä ýogyn hem «arlawyk» sesleri bilen «mä-ä-de –mä» bolşup ene goýunlar ýapy ýüzün aşak eňişip gelýärler. Beýleki bir tarapdanam naýynjar sesli guzujyklar «yzlaşyp» olara bakan çozýarlar. Şonça köp goýnuň içinden her guzynyň öz enesini tanap bilişine Iwaşow haýranlar galýar. Sähelçe emişenlerinden soň olary aýyrmaly. Goýunlary kökermeli. Ine, şu ýerde hem Iwaşowyň etmeli işleri başlanýar. Bu şeýle bir kyn iş däl. Her tarapy bir gazyga daňylan on-onbäş gulaçlyk ýüpe goýunlaryň art aýaklaryny iltäp çykmaly. Iltemek üçin delil baglar öňden, ýüpüň özünde bar. Şondan soň Baýramgül tebip öz goýunlaryny sagyp başlaýar. Iwaşow bolsa ýetişibildiginden öz çatmalaryna süýt daşaýar. Eltip, arassalanyp, taganyň üstünde goýlan gazana guýýar. Gaýdanda-da agzyny berk ýapýar.

Sagym bilen bir wagtyň özünde süýtden süýt önümlerini almak işlerem başlanýar. Ýaýyk ýaýylyp süýtden, gatykdan ýag alnyşam, peýnir, sargandyr-sykman ýasalyşam Iwaşow üçin täzelik. Ýöne, ýaýyk ýasalyşyny welin ol entek ýazlaga gaýdylmazyndanam kän öň öwrendi. Ýörite öwredenoklar, ýöne, özi şeýle öwrendi, seredip öwrendi.

Şonda Baýramgül tebip bir ýigdekçäni getirip ullakan geçi soýdurdy. Iwaşowa soýdurmady. «Sen bisünnet, saňa bolanok», diýdi. Geçiniň derisini deşiksiz, diliksiz bitinligine aldyrdy. Çöpürlerini ütdi, oda çirkizdi, gyryp-gyryp arassalady. Bujaklaryny, boýnagyny bogdy. Ýel berip çişirdi. Tä, tüssä saralyp, gatap gidýänçä, gyşy bilen gara öýüň tüýnüginden asyp goýdy. Bolandyr öýdensoň aldy-da, bogumlaryny çözüp ýelini boşatdy, ölledi, bujaklaryny ýaňadan bogdy. Boýnagyny bogmady. Ony Iwaşowa görkezip: «Ine, ýaýyk şü...» diýdi. Ol ýazlaga-da ana, şol ýaýygyny alyp gaýtdy. Gelşi ýalam çatmanyň irki kölege

tarapynda aralaryny bir ýarym, iki ädime golaý edip Iwaşowa iki sany haçjaly agaç dikdirdi. Şol iki agajyň üstüne başga bir agajy keseleýin atyp, her ujyny bir haçjaň arasyna sokdy. Şol kese agajyň orruk ortasyndanam aşagy ýere degmez ýalyrak edip ýaýygy asdy. Içine gatyk ýa süýt guýubam pişek bilen «güžžüldedip» ýaýyberdi.

Şol usul bilen Baýramgül tebip her günde ep-esli mesge alýar. Öz süýdi azrak kaksa, ýarpasyna iliňkinem ýaýyp beräýýä. Ol Iwaşowa-da pişek urmany öwretdi. Nan bilen iýer ýaly, naharyň daşyndan öz ýaýan mesgesindenem berdi. Ýöne, Baýramgül tebip mesgänem gaýnadýar-da, zire-zire bolup duran saryýag alýar. Aýdyşlaryna görä saryýag mesgä görä durumlyrakmyşyn. Saryýagy saklamak amatlymyşyn.

Ýöne, Iwaşow dadyp gördi welin, saryýag ýeke bir durumlylygy bilen däl-de, tagamy bilenem mesgeden kän tapawutlanýan ekeni. Has arassa, tämiz bolsun diýip, Baýramgül tebip mesgä bugdaý dänesinem goşýar. Aýallar ony öz aralarynda «dert» diýip atlandyrýarlar. Saryýagy köplenç ýag küýzä guýup goýýarlar. Has uzagrak saklamaly bolsa, küýzäni ýere gömýärler.

Mesgäni ýeke bir süýtden däl, gatykdanam alýarlar. Şondan galýan çala «aýran» diýýärler. Ine, şol welin bihasap. Näçe içseň içibermeli. Yzyny soraýan ýok. Ýaňyja tamdyrdan çykan gyzgynjak çörek bilen iýseň-ä oňa ýetesi zat ýok. Baýramgül tebip aýranyň üstüne geçiniň çig süýdüni guýup «galdyrma» edýär. Oňa «epirrigem» diýýärler. Edil düýäniň agarany ýaly. Ýöne, aýrany beýdip iýip ýa içip gutaryp bolanok. Sebäbi ol bol. Dökmäne bolsa hiç kimiň gözi gyýanok. Şonuň üçin onam gaýnadyp «garagurt» alýarlar. Garagurt süzmeden edilýän duzly ak gurtdanam has şor. Turşy. Ýöne, derman zat. Ony gaýnatmaklyk iňňän hysyrdyly iş. Baýramgül tebip ilk-ä aýrany otda çalarak gyzdyrýar. Goýaldýar. Ol oňa «çökelik» diýýär. Çökeligi çaltrak süzüler ýaly irigöz, şaglagrak matadan tikilen torba guýýar-da, haçjadan ýa tärimden asýar. Aşagyna-da kersen goýýar. Oňa torbadaky çökelikden süzülip çykýan ýaşylymtyl suw akýar. Ana, şol suwy Baýramgül tebip ullakan gazana guýýar. Içine buýan köküni atýar. Güýçli ot bilen yzygiderli gaýnadýar. Şol ody ýakmaklyk Iwaşowa ynanylýar. Şolar ýaly jogapkärli işiň özüne ynanylmagyna ol juda begenýär. Ody peseltmejek bolup garabaşynagaý bolýar.

Ine, onsoň ýaňky gazan doly ýaşyl suw goýala-goýala sähelçe bolýar welin, Baýramgül tebip ony ýylgyndan ýasalan, sübse şekilli çolpujyk bilen bulap başlaýar. Özem aýlaw boýunça däl-de, dikleýin, jykyryň hereketi boýunça, kä öňe tarap, käte-de yza tarap aýlaýar. Şol şekilde bulanan wagty goýultmakdan «şopur-şopur» ses çykýar. Köpürjikleýär. Garagurdy ogşamajak bolsa, onda Baýramgül tebip gaşyny çytýar-da: «Bar, sallat, itiň  ýalagyny getir, guýaly şuny şoňa» diýip,

çyna berimsiz haýbat atýar. Garagurt gorkuzýar. Baýramgül tebip birinji gezek şeýdende Iwaşow hakykatdan-da, ylgap gidip itiň ýalagyny getirdi. Somaldyp uzatdy. Baýramgül tebip muňa hezil edip güldi. Düşündirdi. «Bu bir yrym üçin aýdylýan zat» diýdi.

Iň soňunda gazanyň düýbünde sähelçe sary şepbik galýar. Ana, şol hem garagurt. Bir uly gazan ýaşyl suwdan goşa ýumruk ýalyrak garagurt çykýar.

Käte Baýramgül tebip goýnuň süýdünden sarganam gaýnadýar. Ol ilki bilen owuz süýdüni emen, bagana üçin soýulýan guzularyň böwenjigini alýar-da, aýratyn bir ýerde serip guradýar. Oňa «guzygaryn» diýýärler. Şol guzugarnyň içindäki öz-özünden uýap, gatan owuz süýdi sarganyň gönezligi. Şol taýýar boldugy, Baýramgül tebip sargan ediljek süýdi gazana salyp gaýnadýar. Soldata gaýmagyny, köpügini aldyrýar.

— Iý, soldat, iý, köpden bäri saňa eneň gaýmak ýaladan däldir – diýip, ýarym degişme bilen özbaşyna hüňňürdeýär.

Şondan soň ol gazany otdan düşürýär-de, içine gönezligi atyp mynçgalaýar. Süýt bilen garýar. Gum üýşürip gazany şonuň üstünde goýýar. Ana, şol pursat ýene-de Iwaşowyň gol kömegi gerek bolýar. Onuň etmeli işi: gazanyň daş töweregine ýalaňy odunlardan üýşürip ot ýakmaly. Ýöne, gaýnatmaly däl. Gyzdyrmaly. Şondan soň Baýramgül tebip gazany ertire çenli basyryp goýýar. Uýadýar. Ertir ýene-de ojaga atarýar we Iwaşowa tä gaýnaýança ot ýakmaklygy buýurýar. Ep-esli gaýnandan soň goýalyp edil süzme ýaly bolýar. Kem-kemdenem saralmak bilen bolýar. Şondan soň sargan taýýar. Iýibermeli.

Elbetde, ondan ilkinji bolup diýen ýaly Iwaşow datýar. Ýöne, çeýnände «jygyl-jygyl» ses edýändigi üçin Iwaşow ony birhili görýär. Iň ýamanam şony iýen wagty dişi gamaşýar-da, birhili gyjygy tutýar, gökje gözleri ýyldyrap, akja kirpiklerem üznüksiz gyrpyldap başlaýar, şol bolşy bilenem tüňňi maňlaýynyň aşagyndan mölerilip Baýramgül tebibiň ýüzüne seredýär welin, onuňam muňa gahary gelýär. Ozaldanam garrygyz gawunyň paçagy ýaly ýygyrt-ýygyrt ýüzüni hasam kürşeýdip:

— Näme Soltan Söýüniň aty ýaly ýüzüme seredip syrtarylyp otyrsyň, sallat? Ýa meň ýüzümde Aý barmy – diýýä welin, Iwaşowyň ýüzi gaýnadylyp daşy ardylan gyzyl şugundura dönýä. Derrewem erinlerini bir ýere ýygnap turmak bilen bolýar.

Şonuň üçinem, ol Baýramgül tebibiň ýanynda sargan iýmekden saklanaýanyny kem görenok. Juda iýesi gelse-de, körpejiň içine girip ýa-da agylyň aňyrsyna duwlanyp hiç kimiň ýok ýerinde iýýäýär.

Ýazlaga gelenleriň arasynda özlerinde mal ýok-da, barly adamlaryň goýunlaryny sagyp berip, iş haky hökmünde hem her anna günündäki sagymy özlerine alýan gelin-gyzlaram bar. Olara «annaçylar» diýýärler.

Sagym işleri sabaşyp, ara birneme böwşeňlik düşenden soň, annaçylar bir gün maý tapyp, sähra seýrana çykdylar. Ýuwa, ýelmik, tapdyrsa kömelek köwlär ýaly eline kimsi kiçiräk orak, köneräk keser, kimsi bolsa ýasyrak demren aldy. Olara öz goýunlaryny sagýan gelin-gyzlardanam goşulanlary boldy.

Çäş wagtlary topar tutuşyp goşdan saýlandylar. Niýetleri gaty bir daşa gitmegem däldi welin, her niçik hem bolsa hersi bir iş bilen gümra bolşup ýören ýazlagçy erkekleriň gözünden daşlaşmak üçin bir ýapy, ýarym ýapy aşaýanlaryny kem görmediler. Ýöne, oýun-oýun bilen telim ýapy aşanlarynam bilmän galdylar.

Goýnuna ýaş juwanlaryň dolanyna göwni göterildimi, nämemi, tebigatam şol gün şeýle joşdy welin, tüýs däli-porhan boldy. Aşyklyk derdinden ýaňa bagyrlaryna dogabitdi gara gan öýen gyzyl gülälekler gyzlaryň akja hem pes ökjelerine çolaşdylar, ogryn-ogryn bakyşdylar, şemalyň ugruna yranyşdylar, çopantelpekler ýigitleriňkä meňzäp duran owadan, ak telpeklerini bulaýlaşdylar, titrewükmamalar «daşa gitmäň, mundan buýany gorkuly» diýýän ýaly garaçynlary bilen saňňyldaşdylar. Hemmesi birigibem, baý gyzynyň ýap-ýaňyja geýen sowsanysy deý müň dürli öwşün atdylar. Aňňat-aňňat gum depeleriniň arasyndaky tekiz meýdanlar bolsa her dürli gülleriň we gök otlaryň salan nagyşlaryndan ýaňa bir, döwletli öýüň törüne düşelen nepis hala meňzediler. Şol gözel görnüşiň üstünden ötüp barýan ýaşyl ýaz şemaly bolsa özüniň elwan reňkli roýmaly bilen gyz-gelinleriň ýüzüni ýeke-ýeke ýelpedi.

Birdenem gyşla tarapdan ýel öwüsdi. Yz ýanyndanam gara bulut geldi. Maýdaja ýagyş çiňsedi. Muňa göwünleri göterilen gyz-gelinler bir ýere üýşdüler-de:

— Ýag ýaganagym!

— Guý guýanagym! – diýşip, birenaýyja saýraşdylar.

Ýaz ýagmyry olary irikgä etmedi. Ýagdy. Özem gaty güýçli ýagdy. Gitdigiçe-de güýjerledi. Soňy dola, «şatyrdyly» jöwenege ýazdy. Gatbar-gatbar bulutlaryň welin, barybir gatlary ýukalmady, gaýtam gitdigiçe galňaýdy. Aşaky gatynyň etegi ýere degäýjek-degäýjek boldy. Howa garaldy. Gözýetim golaýa geldi. Kyrk-elli ädimden aňryny saýgarar ýaly bolmady. Bulutlaryň üstünde iki ýana at salyp, golundaky gürzüsini çar tarapa aýlap ýören Burkut babanyň nagrasy

dünýe-älemi endiretdi. Egrem-bugram naýzasyny kä saga, kä sola ülňäp, käte gyz-gelinleriň dik-depelerinden inderip, asmanda ot sowrup ýören ýyldyrymyň derdinden ýaňa gögýň ýüzi  çat açyp, gümmezi darka dört bölünene döndi. Töwerek suw-sil boldy. Ýöne, alaňlaryň arasyndaky takyrrak ýerler bolaýmasa, müňlerçe ýyl bäri suwdan ganman ýatan teşne gum depeleri şeýle bol suwy hem goýnunda uzak saklamadylar. Doýmaz-dolmaz garynlaryna birsyhly sordular ýatdylar.

Başda begenenem bolsalar, annaçylar bu hala birhili aljyrajak boldular. Hatda düşelgäniň haýsy tarapdadygynam unutdylar. Şonuň üçinem, ýagyş goýýança ýaglyklaryny başlaryna pena edinişip bir duran ýerlerinde butnaman durdular. Eginleri ýuka bolansoň özlerini mazaly ezen ýaz ýagşynyň çigregine döz gelibilmän digdenekleşdiler. Eňeklerini şakyrdatdylar. Şonda olaryň öl köýnekleriniň aşagyndan mese-mälim bildirýän, uçlary dürteişip duran ter mämeleri tezlik bilen ilk-ä bir taýzarylyşdylar, soňam birgeňsi titreşdiler.

Ýagyş birden başlaýşy ýaly birdenem diňdi. Garynlaryny ýere berip ýatan garry göherde meňzeş mähnet gara bulutlar uçmana hyýallanýan düýeguş ýaly bir gobsunanlarynda örklerini ýerden üzdüler-de, asman sary göterildiler. Agyzlary alardymy, nämemi baryşlary ýalam para-para bölündiler-de, ötegçi durnalar deýin boýunlaryny süýndirişip hersi bir ugra bakan ýňdylar ötägitdiler.

Gözýetimde bir ýerlerde, ilerki daglardanam aňyrda henizem her daýym bir ýyldyrymyň çakýandygyny, gögüň gübürdeýändigini nazara almasaň tupan annaçylaryň başyndan sowuldy. Asmanyň ýüzi bilen ümdüzlerine tutduryp barýan hälki ak-ala bulutlaryň ýyrtyk ýerlerinden parran geçen Gün şöhlesi peýkam bolup ýere sanjyldy. Ýaýsyzam bir peýkam bormy diýýän ýaly, asman gümmeziniň ýüzünde şol dem ýalpyldap Esen-Söýüniň ýaýy göründi. Oňa gözleri düşenden annaçylar ýerli-ýerden atylyşyp, gum depelerine dyrmaşdylar. Älemgoşara tarap gollaryny bulaýlaşyp, ýaşajyk guzular deý bökjekleşdiler.

– Gyzyly meňki-i!..

– Sarysy meňki-i!..

– Ýaşyly meňki-i!.. – diýşip, şadyýana gygyryşdylar, o ýan, bu ýan ylgaşdylar. Ak, sary, goňur ýa melewşe reňkli kebelejikler bolsa, daşlarynda perwaz urdular. Dik depelerinde çogdum bolşup gaýmalaşdylar. Kä öňlerine düşdüler, kä yza galdylar, soň gelip ýene-de tegelek, ak tegmillije ganatlary bilen gyzlaryň çygjaryp duran ýaňaklaryny ýelpediler.

Gyzlaryň welin bu wagt bar ünsleri älemgoşarda. Olar ilk-ä onuň düýbüne baryp, näzik hem inçe barmaklary bilen kirişlerine kakdylar. Zarňyldysyna

guwandylar. Soňam hersi ýaýyň bir dinine mündüler-de ok bolup asmana atyldylar.

Olaryň bu oýna şeýle bir kelleleri gyzdy welin, soňabaka has şadyýanraklary-ha duýgularyna bäs gelip bilmän ýüwrüp bardylar-da, her ujy älemiň bir burçuna sanjylgy älemgoşaryň bäri çetinden münüp, ýokarlygyna dyrmaşdylar, bir demde çür depesine çykyp, ýerde duran joralaryna gol bulaýlaşdylar, uzak säginmänem aňry ýüzünden otyrlaýyn tyýpyp aşak düýdüler. Dolanyp gelip ýene-de şol hereketlerini gaýtaladylar. Has şahandazraklary bolsa, älemgoşaryň üstünde aýaklaryny sallaşyp ýanyn oturdylar. Läle kakdylar. Soň ýerlerinden turdular-da, aşakda gül ýygyşyp ýören joralary bilen «Gülgapdy» oýnaşdylar. Aşakdan zyňylýan owadan gülleri sag elleri bilen gapyp, sol elleri bilen ýene-de aşak okladylar. Şonda, üznüksiz aýlanýan gül çemenlerinden ýaňa howanyň ýüzünde ullakan bir aýlawly halka emele geldi. Ol ýerde oýnap ýadansoňlar ýere düşübem oýnadylar. Kebelekler ýaly gülden-güle gonup, depeden-depä aşyp baryşlaryna goşdan ep-esli daşlaşanlarynam duýman galdylar.

Şol barmana-da, öňlerinden öňkülere görä birneme beýigräk gum alaňy çykdy. Olar oňada dyrmaşdylar. Nazarlary bilen goşy, ýazlagçylary iň bolmanda haýsam bolsa bir goýun sürüsini gözlediler. Emma hiç kime, hiç zada gözleri düşmedi. Dumly-duş şol birmeňzeş gülälekli meýdan, ýaşyl gum depeleri. Gözýetimde bolsa gözden ýitip barýan ýagyş, ýyldyrym, sesi çala gelýän «gübürdi»... Bu ýagdaý gyzlaryň kalbyna wehim saldy. Bir apatyň gopjakdygyny öňünden duýan dek, häliden bäri şatlykdan ýaňa uçganaklap duran gözleriniň öňüni gorky örtdi, joş urup duran ýüreklerine howsala aralaşdy.

Birdenem...

Birdenem, edil ýerden çykan ýaly bolup, ýeňse tarapdaky uzyn hem aýlawly alaňyň aňyrsyndan bir bölek goýun sürüsi peýda boldy. Yzynda çopan-çolugam bardyr, olar bize goşy salgy bererler, diýip, gyzlar muňa begenişdiler, hatda sürüniň kimiňkidiginem tanadylar.

Olar ýalňyşmandyrlar. Süri hakykatdanam ýazlagçylaryňkydy. Ýöne, onuň yzyndan: «Haýtda-haýt» bolşup gelýän gyssanmaç atlylar welin düýbünden başga adamlardy. Bu olaryň bolup gelişlerindenem egin-eşiklerindenem, gep-sözlerindenem bildirip dur. Özlerem on-oniki atly dagy bar. Diýmek, olar alamançylar. Çopan-çoluklaryny öldürip, sürünem oljalap barýan bolmaly. Ýüzlerem ilerki daga tarap.

Gyzlara gözi düşenden, megerem, alamanbaşy bolsa gerek, inçeden gelen uzyn hem tüňňi burunly, murtlary iki ersiniň gyrasyndan aşak gaýdýan, süňňi irimçek, çala çyzylýan gözleri almalygynyň töründe zordan görünýän biri saýry

dilde bir zatlar diýip, «madyrdady» welin, iki sanys-a öňküleri ýaly sürüni sürmeklerini dowam etdirdiler, galanlaram «gykuwlaşyp» gyzlara tarap gaýtdylar. Gelişleri ýalam alaňyň daşyna halkalaýyn aýlandylar. Öňki oljalarynyň üstüne ýene-de olja duşandyklaryna begenmekden ýaňa «ýyrş-ýyrş» edişip biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Baş atyşdylar. Göz gypyşdylar. Süýem hem başam barmaklarynyň ujy bilen murtlarynyň çowuna tow berişdiler. Alamanbaşynyň annaçylara tarap gamçysyny çommaldyp bir zatlar diýmegi bilen, alamançylaryň üç-dört sanysy «patda-pat» bolşup atdan düşdüler-de, alaňa dyrmaşmaga başladylar. Iki gözlerem gyzlarda. Ygyp ýatan ürgün ak çäge olaryň hereketlerini kynlaşdyrdy. Şeýle-de bolsa emedekleşip diýen ýaly çykdylar. Arkasy durşuna tüý bolup duran ullakan, gara penjelerini gerip, tez maral kibi titreşip duran gyz-gelinlere topuldylar. Zähreleri ýarylara gelen annaçylar dyr-pytrak boldular-da, ýazlagçylara eşitdirmek niýeti bilen:

— Waý, gyzylbaşlar çozdy!

— Dat ýetiň!

— Halas ediň!

— Aý, il-günu-u-uw-w!.. – diýşip gygyryşdylar. Henizem ellerinde saklap duran güllerini näbelli ugurlara tarap bulaýlaşdylar. Birdenem «Şeýtsek birimizden birimiz-ä gaçyp gutulaýsak gerek», diýen pikir bilen, hersi bir tarapa gaçmak üçin depeden aşak indiler.

Ýöne, olaryň bu hereketleri özleri üçin däl-de, aşakda duran atlylar üçin amatly boldy. Olar annaçylaryň ýere düşenini garbap alyp, atyň öňüne keseleýin basdylar durdular. Megerem, alamanbaşydan buýruk şeýle bolan bolsa gerek, awuny ele salanam ur-tut at başyny daga tarap öwürmek bilen boldy. Ýöne, gyz-gelinleriňem olara aňsat «ýal» bolaýaslary gelmedi. Ras, gaçyp bilmedikmi, söweşip bir öleli, diýen pikir ählisiniň aňyna birden doldy. Söweşiň başyny garagyýçak, togalajyk, dolmuş ýüzlüje gaýtarma başlady. Ol özüni atyň öňüne kese basan gajaryň bilindäki hanjaryny sogrup aldy-da, böwründen «suhlap» goýberdi. Beýle garşylyga garaşmadyk gajar «hyk» etdi-de, bykynyny tutup atdan agdy.

Muny görüp beýleki gyz-gelinlerem «haý-waýlaryny» goýdular-da, aýgytly herekete geçdiler. Kimsi öz ganymynyň burnunyň deşiklerine barmagyny sokup gaňyrdy, kimsi-kimsiniň ernini ýirdi. Ýene biri süýem barmayny çommaldyp duşmanyň gözüne sokdy. Garagyýçak gaýtarma bolsa atdan agdarylyp düşdi-de, ylgap baryp elindäki hanjary at üstünde bir gyz bilen tutda-bas bolup oturan ikinji bir gajaryň budundan «garçyldadyp» sokdy. Sokuşy ýalam yzyna sogrup aldy. Gajaryň budundan zogdurylyp gan akdy. Gaýtarma böküp bir gyra çekildi-de, elindäki hanjary depesinde dalawladyp durşuna:

— Gorkmaň, gyzlar! Ine, hä diýmän biziň ýigitlerimiz geler! Oňa çenli siz bularyň bokurdaklaryny çeýnäberiň! Eliňizdäki keserleriňiz, demrendir-oraklaryňyz bilen garynlaryny silkiň-de, içegelerini çöşläberiň! – diýip, joralarynyň ruhlaryny göterdi.

Ellerinde oraklarynyň, demrenleriniň bardygam annaçylaryň käbirleriniň ýadyna diňe şondan soň düşdi. Garşylyk güýçlendi.

Garagyýçak gaýtarma ýaňky sözden soň ýazlagçylar görer diýen umyt bilen ýene-de depä dyrmaşmaga başlady. Emma ýokarsyna çykmaga ýetişmedi. Onuň dogumly hereketlerinden elhederalan alamanbaşy öňürti şundan bir dynaýyn, diýen karara gelen dek ýapynyň ýarpy biline-de barmanka at debsiläp yzyndan ýetdi-de, ýalaw ýaly ýiti gylyjyny gelniň sag gerdeninden saldy. Onuň bilenem kanagat etmän, janhowuljyna gum üstünde däbşenekläp, kakynyp ýatan gelniň ýüzüni-gözünem çapym-çapym etdi. Beýleki gyz-gelinleriňem eýýäm iki nökeriň damagyny çalyp, beýlekilerinem gyra-ýana tutup üörendiklerini görüp, olaryň agşam, dag içinde düşlän wagtlary berjek zowky-sapalaryndanam, satylyp görüljek peýdalaryndanam geçdi-de, üzeňňä galyp öz dilinde bir zatlar diýip gygyrdy. Onuň näme diýendigi düşünmeýäne-de düşnükli boldy. Çünki, gözlerine gan öýen garakçylar şondan soň gyz-gelinler bilen tutaklaşmalarynam goýdular-da, gollaryndaky gylyçlary bilen kerçäp başladylar. Kimsiniň göwsi kesildi, kimsiniň gollary çapyldy ýene biriniň goşa örümli uzyn gara saçlary bilen bilelikde ürgün çägäniň üstüne kellesi «patlap» gaçdy, böwürlerinden, inçe billerinden, boýunlarynyň çykan ýerinden gylyç sokulanlaram kükrekleri ýarylanlaram, kelleçanaklary pytrap beýni ýülükleri çoganlaram az däl.

Annaçylaryň içinde iň ejizi Jäjek. Üstesine göwresinde ýaňy bir düwünçek bolan çagajygam bar. Düşelgeden gaýdylaly bäri: «Gyzlar, goşdan daşlaşaýmalyň, azaşaýmalyň» diýip, birsyhly özelenip gelenem şol. Ýüregi bir zat syzan ýaly ol ýaňy gyzlaryň oýunlaryna-da goşulmady, hatda «gülgapdam» oýnamady. Şo-ol, bir zady sangy edýän ýaly bir çetde kibtini gysyp, mugruljyrady oturdy.

Onuň adamsyna Garadöwlet diýýärler. Ol dogumly, edepli, arly-namysly ýigit. Annaçylar bilen gaýtjak bolanda ol Jäjegi goýbermejek bolup kän dyzady. «Ýaramarsyň, üstesine ýagdaýyňam şeýle. Galyberse-de Garadöwlet ýarawsyz gelnindenem iş hantama, diýip, gürrüň ederler» diýdi. Emma dogabitdi göwniçökgün ulalan gelniň aňynda ýazlagdan ýadawlyk däl-de, göwnihoşluk hantamaçylygy bardy. Şonuň üçinem ol: «Gidäýeýin-le, hem-ä göwnüm açylar, hemem hezil edip turşy – şordan doýaryn» diýip, şo-ol, özelendi durdy. Şeýdibem, adamsyny yrdy. O-da goýberse-de goýberdi welin, ynjalyp bilmedi. Şujagaz döwrüň içinde-de, yzyndan iki gezek dagy gelip gitdi. Ýöne, obada öz ekin-dikin işlerem ýetik bolansoň uzak eglenip bilmedi.

...Şol zatlary ýatlap durşuna Jäjek ilk-ä daş-töweregindäki bolup geçýän zatlary aklyna sygdyrybilmän, gözlerini tegeläp, agzyny açyp aňkaryldy durdy. Joralarynyň göreldesine eýerip urşa girmek barada-ha pikirem etmedi. Hiç zada goşulman duranlygyndan bolsa gerek, garakçylaram oňa esli wagtlap hüjüm etmediler. Asla, barmysyňam diýmediler.

Ýöne gana bulaşyp ýatan, gyzlaryň jansyz jesetlerine, entegem söweşip ýören annaçylaryň urgularyndan ýaňa gajarlaryň «arlaşyp» atdan agyşlaryna, atlaryň howsalaly «haýkyryşmalaryna» Jäjek uzak seredip durup bilmedi. Başy ymykly çaşdy. Öz ýanyndan bir zatlar diýip, pyşyrdady. Sag eliniň süýem barmagyny çommaldyp ilk-ä öli ýatan annaçylary, soňam aýak üstünde entirekleşip ýören alamançylary sanady. Şonda onuň gözleri şeýle bir ulaldy welin, şol wagt gören bolsa ony öz mähriban ejesem, hatda Garadöwlediň özem tanamazdy. Ol palaç ýatyrylan ýaly ýapynyň ýüzünde pytraşyp ýatan joralaryna ýene birlaý göz aýlady-da, birhili gorkunç halda gülüp goýberdi. Yzyndanam çirkin gygyrdy. Işletmedigem bolsa, düşelgeden gaýdaly bäri gysymynda saklap ýören ujy döwük, sapsyzja oragynam bir gapdala zyňyp goýberdi-de, etegini dişläp günorta tarap zut gaçmak bilen boldy. Bir aýasam garnynda. Ýöne, özüň şol ýagdaýdakaň ýyndam atlaryň aldyndan sen nädip gutuljak?

Orta ýaşlaryndaky, agajeträk, boýy ortadan sähel ýokarrak, neşe çekýän bolsa gerek, gözleriniň agy sargylt, maňňalburun, çat maňlaýy nohut çemesiräk meňli bir gajar entek bir alaňam aşmanka Jäjegiň yzyndan ýetdi-de, ýeňsesinden penjeläge-de öňüne çekdi. Özem: «Maňa şundan başga olja gerek däl», diýýän ýaly ýoldaşlarynyň yzyndanam, sürüniň yzyndanam gitmedi-de, göni ilerligine tarap tutduryberdi.

Ýoldaşlary onuň yzyndan bir zatlar diýip, gykuwlaşdylar. Gygyryşdylar. Iki sanysy onuň yzyndan kowmaga synanyşdy. Atlaryny debsileşip ugranlaryndanam galtamanbaşy olara «haýkylyk» atdy. Olar kelteräk öwrüm edip yzlaryna dolandylar. Şondan soň olaryň hemmesi bir topbak bolup, öň sürüp barýan sürüleriniň yzyndan kowdular.

Annaçylaryň arasynda olardanam bäş läş galdy. Olar öz ölülerini äkidib-ä bilmediler, jaýlamak üçin eglenmäge bolsa, gelin-gyzlary gözläp ýazlagçylaryň gelerinden gorkdular. Sürülip gaýdylan sürüniňem hä diýmän gözlegine çykyljakdygyna söz ýok. Mahlasy: duran-tutular, gaçan – gutular.

Ýap-ýaňyja ýagşyň ýagandygy sebäpli, ne sürüniň ne atlylaryň toýnaklaryndan tot-tozan göterilenok. Şonuň üçinem, garalary ýitenden soň yz çalaýmasaň olary ser salyp tapjak gümanyň ýok.

...Annaçylar wagty bilen gelmänlerinden soň ýazlagçylaryň arasyna birahatlyk aralaşdy. Ilk-ä aýallar-gyzlar ikibir-üçbir «hyşy-wyşy» edişdiler, soň toparlanyşyp howsalaly gürleşdiler, ahyram öz içlerinde dörän harasady erkeklere aýtdylar.

Hernäçe merdemsireşselerem, giden gyzlary erkekleriň özlerem esli wagt bäri ünji edip başlapdylar. Ýöne, aýallara syr bildirmezlik üçin seslerini çykarmandylar. Ine, indi olaryň özleri dillendiler welin, bujagyň agzy çözülene döndi. Köpçüligiň aladaly gowrunyň guzudyr-owlaklaryndan aýrylan goýundyr-geçileriň ahy-nalalaryna goşulmagy bilen, ýaýlanyň içi edrenç bir görnüşe girdi. Annaçylaryň arasynda ýakyn hossary barlar-a hakyt ses edip agladylar.

Hern-ä erkekleriň arasyndan has köpi görenräkleri tapylyp, ýagdaýyň beemçiligini öz üstlerine aldylar. Köpçülikden, hususan-da aýallardan howsala düşmezligi haýyş etdiler. Derrewem, ätiýaç üçin göç bilen gorag hökmünde gaýdan bäş-alty sany atly-ýaragly ýigidi gözlege iberdiler. Palaňly, ýabysyna ataryp, Baýramgül tebip Iwaşowam olaryň ýanyna goşdy. Sebäbi, annaçylaryň arasynda onuňam daşkyrak garyndaşlaryndan biri bardy.

Ýarym sagat ýaly o ýan, bu ýan at gorduranlaryndan soň, gözlegçiler gyzlarynyň yzlaryny tapdylar. Ýagyşdan soň düşen yzlar öl çägäniň ýüzünde oýmur-oýmur bolup dur. Şol oýmurlardanam bir toplum yz aýryldy-da, tirkeş-tirkeş bolup ileriligine tarap gitdi. Soňra hersi bir ýana pytrady. Soňundan ýene birikdiler-de, yzçylary gana boýalan depäniň üstünden eltdiler.

Birbada hiç kim öz gözüniň görýänine ynanmajak boldy. Ýapynyň dumly-duşam, orta bilem, üstem, düýbem, demsiz-düýtsiz ýatan gyzlardan, gelinlerden, şeýle hem gajar maslyklaryndan ýaňa leýs. Kimsi bir goluny ýassadyp ýanyn ýatyr, kimsi gulaç saçlaryny iki ýana ýaýyp çiň arkan ýatyr. Käbirleri gollaryny gerip ýüzin ýatyr. Gözleri açyk. Ellerinde bolsa gana boýalan köneje demrenleridir keserleri.

Bular ýaly gyrgynçylygy geçen uruşda göre-göre tenleri gatan, ýürekleri daşa dönen ýigitler-ä ýarym-ýaşsyraşan bolup wagtam ýitirmediler-de, ýalta ýabysyny gamçylap ýaňy bir ýetip gelen Iwaşowy ýazlagçylara habar ber, diýip, yzyna ugratdylar, özleri bolsa garakçylaryň yzyndan kowgy gitdiler.

Emelsiz ogry tarapyndan akan-dökän edilen öý goşlary ýaly dyr-pytrak bolup ýatan gyzlaryň gözgyny keşpleri düşelgä tarap at loňkuldadyp barýan Iwaşowyň göz öňünden gitmedi. Ol olary köp synlamady, ýöne, ýadynda welin ömürlik galdy. Şol gysga pursadyň içinde ol asyl olaryň käbirlerini manamaga-da ýetişdi. Käbirlerini welin gan-kokdan ýaňa Iwaşow-a däl, hatda öz hossarlaram

tanar ýaly däl. Durmuşyň çetinden ýaňy giren, entek ýaňaklarynyň reňkem solmadyk, açyk gözlerini asmana dikip, ýatan gyzlaryň, gelinleriň hemmesi birden: «Görýäňmi, sallat! Sizsizem biziň ýagymyz ýetikdir, derdimiz çohdur...», diýýän ýalydylar.

Annaçylaryä bu perişan hallaryna duýgudaşlyk edýän ýaly, şol wagt howada erbet dymdy. Ýap-ýaňyja-da däli-porhan bolan giň sähra içre çöp başy gymyldamady. Akja bulutlaram ýüzlerini sallaşyp bir duran ýerlerinde durdular. Gyzyl gülälekler çar-para bolşup, ýere döküldiler. Çopan telpekler başlaryny aşak egdiler. Gyzyl çigillemler saraldylar, sarylary agardylar, aklary soldular, süllerdiler. Ýylaklar «pyssarylyşdylar-da», ýanlaryny ýere berdiler.

Nädip barjagyny, näme diýjegini bilmän ýaýdanyp barýan Iwaşowyň goşa golaýladygysaýy howsalasy artdy. Baransoňam esli wagtlap, bolan işi aýdybilmän: «O taýda... şo taýda...» diýip, sakawlady durdy. Bir ýanlara elini salgady. Birdenem ýabysyndan syrylyp düşdi-de, maňlaýyny ýere goýup möňňürmäge başlady.

Bir belanyň gopandygyny aňan ýazlagçylar ony goltuklap ýerinden turuzdylar. Baýramgül tebip onuň çat maňlaýyna geçdi-de, dözümli gepledi.

– Bol, mün ýabyňa-da, düş adamlaryň öňüne! Nirede näme bolan bolsa görkez!

Ony götergiläp diýen ýaly ýabysyna mündürdiler. Ýöne, onuň indi ýabysyny debsilemäge-de, «çüw» diýip, jylawyny silkmäge-de ýagdaýy ýok. Ol aglaýar. Onda-da çiginlerini silkip, içigip-içigip aglaýar.

Kim ulagly, kim pyýada, uly-kiçi, aýal-erkek, barysy yzlaşyp onuň yzyna düşdüler. Bilini göwşüllän şal guşak bilen mäkäm guşan Baýramgül tebibem «Ýa, Alla» diýip, ýola düşdi.

Nämeleriň gopandygyny özlerine aýtmandyklary üçin öýkelän ýaly, häliden bäri her kimiň ýüzüne bir seredip, köpçüligiň gyrak-bujagynda aýlanyşyp ýören üç-dört sany, ululy-kiçili, dürli reňkdäki itlerem seňkildeşip olaryň yzlaryna düşdüler.

Wakanyň bolan ýerine baranlarynda ýazlagçylaryň barysy birden «ah» çekdiler. Has beterem aýallar heläk boldular. Çünki, läş bolup ýatan, näzik bedenli bu jananlaryň biri kimdir biriniň gyzy, biri gelni, ýene biri uýasy söýgülisi, gelni, gelinligi, gelnejesi, ýa baldyzy. Iň bolmanda obadaşy. Günde-günaşa görşüp ýören işdeşi. Jorasy.

Elhenç görnüşden ýaňa beýnilerine sarsgyn düşen ýazlagçylar birbada eňremekden, eňşemekden başga bir hereket etmelidirem öýtmediler. Erkeklerem

belli bir karara gelibilmän, erewde-berew, iki ýana elewreşdiler ýördüler. Aýallaryň-a hersi öz ölüsiniň başujyny alyp, agysyny aglap otyr. Baýramgül tebibem faryndaş gelniniň aýagujynda: «Waý, men indi seň söýerleriňe näme jogap bereýin-aý...» diýip, ellerini öwsüp dur. Iwaşowam bir çetde, gyzyl saçly ullakan kellesini çep çignine ýaplap, gözlerinden «boýur-boýur» ýaş döküp dur.

Oňa çenli kowgy giden ýigitlerem sürülerini öňlerine salyp gaýdyp geldiler. Aýdyşlaryna görä gaçyp barýan garakçylaryň sany ýedi ekeni. Onuňam ikisi bularyň garasyny görenden sürüni taşlap gaçmak bilen bolupdyrlar. Beýlekileri oljalaryny bermejek bolup urşa girişipdirler. Ýagdaýlarynyň gowy däldigini bilenlerinden soň gaçjak bolupdyrlar, ýöne, ýigitler olaryň birinem diri sypdyrmandyrlar.

Diňe şondan soň, wepat bolan annaçylaryň arasynda Jäjegiň jesediniň ýokdugy aýan boldy. Kowguçylaram garakçylaryň hatda gaçyp giden ikisiniňem ne alnynda, ne ardynda hiç kimi görmändiklerini aýtdylar. Ony dumly-duşdan, hatda has uzagrakdaky alaňlaryň aňyrsyndanam gözlediler. Emma derek tapyp bilmediler.

Şeýdip, Jäjegiň ykbaly gümürtik bolup galdy.

Uzaga çekmedik maslahatdan soň, şehit bolan naçarlaryň hemmesini şol alaňyň üstünde jaýlamaly etdiler. «Ajallary şu ýere çekipdir, goý, şu ýerde-de ýatsynlar, bu ykbaldyr» – diýdiler. Hossarlaryna, han-beglere habar ýetirmek üçin, derhal oba adam iberip, özleri şehitleri «myhman» aldylar. Ep-esli adam uzynly gijäni ot ýakyp, jesetleri sakladylar. Galanlary düşelgä gitdiler we kimiň işi azrak bolsa ertesi irden ýene-de gaýdyp geldiler.

Çäş galyberende oba tarapdan sozanda-guýruk bolşup gelýän uly mähelle göründi. Oturanlar ör turdular, dik duranlar höre-köşe etmek üçin olara tarap ýöriş etdiler. Hersiniň öňünden çykyp: «Pelek işidir, özüňizi horlamaň, mert boluň» diýdiler, giden bir mähelläniň «bor-da-bokulyk bolup gelşini görüp, düýnden bäri bir gyrada, ol çägäniň üstünde boýnuny sallap oturan Iwaşow «zöwwe» ýerinden galdy-da, içini tutup bir gyra çekildi. Onuň şol wagt ulyili bilen möňňürip aglasy geldi. Emma dide-de ýaş görünmedi. Ýürek aglasa-da göze nem gelmedi. Çünki, nem gutardy. Şonuň üçin bolsa gerek, ol sesiniň ýetdiginden «bögürip» ögemäne başlady. Ilki dik duran ýerinde, soň dyzyna çöküp, ondan soň ýüzin ýatyp, giň maňlaýyny çägä oýkap, düýnki ýagmyryň badyna eýýäm ep-esli boý alan sähra ýylaklaryndan ýapyşyp ögedi. Kimdir biri usullyk bilen onuň ýanyna bardy, çigninden tutup galdyrdy. Köpçülikden daşraga çekdi. Özbaşyna otlap ýören ýabysynyň ýanyna eltdi. Egilip gerimi giňden tutulan duşagyny çözdi. Henizem içigip duran soldatyň arkasyna kakdy. «Bar, sen ýabyňa mün-de, goşa gaýt, ol

ýerde-de kömek gerekdir» diýdi. Bu wagt onuň ýaba münmägede mejalynyň ýokdugyny aňandan soň bolsa germesatan edip eýere atardy. Jylawy eline berdi. Ýabynyň ýüzüni düşelgä tarap öwrübem şapbady bilen sagrysyna bir kakdy welin, ýagdaýyň juda agyrdyny aňan ýaly ýaby janawer ömür etmedigini edip «loňkuldady» ötägitdi.

Köpçüligiň ýerli-ýerden topulmagy bilen merhumlary jaýlamak işi günortana golaý tamam boldy. Olaryň hemmesini alaňyň üstünde hatara goýdular. Şeýdip, dek-düýnem gül-pürçege bürenip oturan owadan depäniň üstünde ýene-de on sany kiçijik depe emele geldi. Dek-düýnem şu depäniň üstünde aga-ýana oýnaşyp ýören ýaş juwanlaryň bu gün özleri şol ýerde tümmege öwrüldiler.

Depäni bolsa şondan soň il arasynda: «Ganly depe» diýip, atlandyrdylar. Dogry, başda oňa iki ýeke «Şehitli depen» diýenlerem boldy, ýöne, ol at kem-kemden galyşdy. «Ganly depe» ady has ýörgünli boldy.

Adamçylyk pähimine eýerip adamlar gajarlaryň jesetlerinem ýere duwladylar. Ýöne, «Ganly depede» daşrakda jaýladylar. Üstlerini tümmeklemediler.

Ýazlagçylar haýdan-haý göçmek bilen boldular.

Oba gelenlerinden soň, üýşüp bu waka barada ýörite maslahat geçirmekligi han-beglerden haýyş etdiler. Ýygnananlaryň bir topary:

— Muny bu durşuna goýmak bolmaz, beýtsek olaryň dişlerinde et galar, ertir baryp öňküleri ýaly ahmalrak ýerde oturan obalarymyzam çaparlar. Biz hökman öwezalaman etmeli diýdiler.

Han-begler bu pikire garşy çykdylar. Olaryň adyndan Nurberdi han gürledi. Ol hususan-da şeý diýdi:

— Mallar gaýtarylyp alyndy, garakçylar öldürildi, jezalandyryldy. Ar ýerine salyndy. Şonuň üçinem, şu gezeklikçe şu işi tamam hasap etmeli. Indiden soň tutuş Eýrany çapaýanymyzda-da, şol biçäreleri dolap getirip bilmeris. Onsoňam bu wagt biziň gajarlardan başga-da ýagymyz ýetik. Öňümizde uly urşuň agyr aladalary dur. Üstesine-de, orslar bilen boljak ikinji uruş üçin ok-ýarag, azyk kömegini etmeklerini sorap olara adam iberip ýörüs. Geçen uruş zerarly tapdan düşen halky gurplandyrmak üçin, olar bilen söwda, alyş-çalyş etmekligiňem kül-külünde gezip ýörüs. Alamançylyk meselesinde bolsa biz öňdenem ýaman atly. Galyberse-de, bolup geçen şu waka ýetip gelýän duşmanyň hilesidir, aňyrsynda şolar durandyr, goňşularymyz bilen aramyza agzalalyk saljak bolýandyrlar, diýen şühbämizem ýok däl. Häli görseň düýnki wakanyň bolanyndan Eýran şasynyň-a däl, hatda gala hanlarynyňam habarlary ýokdur. Olar üstümize sürnüp gelýän duşman tarapyndan hakyna tutulan bir bölejik garakçylardyr. Egerde, biz häzir alaman gurnasak, onda

tutuş Eýran döwletini öz elimiz bilen özümize garşy goýdugymyz bolar. Duşmanyň atan okunyň nyşana degdigi bolar. Netijede, biziň Eýran babatdaky edýän meýillerimiziň barysy bulaşar.

Şondan soň Dykma serdaram şol terzde söz sözledi.

Göräýmäne Nurberdi hanam, Dykma serdaram beýleki han-beglerem, dogry aýdýardylar. Gaharyň ugruna gidip ownuk zat üçin tutuş ýurduň, halkyň bähbidine zyýan ýetirmek dogry däl. Şonuň üçinem, maslahata ýygnananlaryň köpüsi, hatda başky alaman etmekligiň tarapynda durýanlaram olaryň gelen netijeleri bilen tas ylalaşyberipdiler. Ýöne, ine, meseläni çözdüm edip ses sanamaklyga hyýallandylaram welin, häliden bäri bir çetde yzly-yzyna ýuwdunyp, tüýküligine düwnüp oturan Garadöwlet ardynjyrap oturşyna söz sorady-da, tolguna-tolguna:

— Atyny ýeke çapýa, diýip, menden gaty görmäň, adamlar. Egerde şol depäniň üstünde meniň maşgalamyňam iň bolmanda mazary bir ýatan bolsady, onda menem siziň aýdanlaryňyz bilen ylalaşardym. Emma meniň ýagdaýym başgarak. Meniň düşen günümiň siziň syýasatyňyza-da, döwlet işine-de dahylly ýeri ýok. Siz: namys-ar ýerine salyndy diýýäňiz. Onyňyza-da ýok diýjek däl. Umuman alanyňda şeýle ýala. Ýöne, o-da maňa degişli dül. Meniň arymam gitdi, namysymam. Törüm boş galdy. Maşgalam garakçylaryň eline düşdi. Bu ýagdaýdakam men başym telpekli obaň içinde ýaýkanyp gezip bilmen. Şonuň üçinem, men-ä sizden gaty göremok, sizem menden gaty görmäň, meni saklajagam bolmaň.

Şeý diýgeç, ol hiç kimiň jogabyna-da garaşman, towsup ýerinden turdy-da, batly gadamlar bilen çykyp gitdi.

Öýüne barşy ýalam işiginde naýza dikdi. Bu onuň «öwezalamana» gitmäge, döwtalap ýigitleri çagyrýandygynyň alamatydy.

Ertire çenli onuň naýzasynyň gapdalyn-da ýene-de ellä golaý ýigit naýza sançdy. Naýzalaryň gürlüginden ýaňa üç günüň içindeGaradöwlediň gapysy kiçeňräk jeňňele meňzedi.

Döwtalaplaryň köpüsi «Ganly depede» şehit ýatanlaryň hossarlary. Galanlary olaryň göwünlerini görenler, dost-ýarlyk, garyndaşlyk borçlaryny ýada salanlar, Garadöwlediň düşen gününi tuutş il-güniň, öňi bilenem özleriniň namysy-ary hasap edenler.

Dykma serdar olary güýç bilen saklajak boldy. Emma muňa Nurberdi han rugsat bermedi. «Garadöwlediň ýagdaýyna düşünmek gerek. Öňki-öňkülik bolanda dogrusy ikimiz özümiz olaryň öňüne düşüp giderdik. Ýöne, bu wagt ýagdaý başgaça. Şonuň üçinem, sen olara aýt, Ruhy batyr ýaly diňe ýitiklerini gözlesinler bigünäleri öldürmesinlerem, talamasynlaram diýdi.

Gidenlerine üç gün diýlende, Garadöwlet dagy birgiden mal, ýesir, olja bilen gaýdyp geldiler. Garadöwlediň diýeni welin bolmady. Işi bitmedi. Jäjekden derek tapylmady.

Özlerine gulak asman gidendikleri, üstesine alamançylyk edendikleri üçin Dykma serdar ähli han-begleriň, serdarlaryň adyndan olara käýýedi.

– Bir zat üçin gitdiňiz, başga bir zat bilenem gaýdyp geldiňiz. Parz işe bukulyp, nähak iş etdiäiz. Ozalam galanyň içinde ýesirden ýaňa ýer ýok – diýdi. Şondan artyk hiç zat diýmedi. Çünki, her niçik hem bolsa Jäjegiň alyp gidilmegini ekabyrlaram öz namyslary hasap edýärdiler. Islendik türkmeniň namysyny öz namysy saýmaklyk türkmeniň ata-baba dübi. Ganyna guýlan dessury.

Garadöwlediň kalbyndaky harasat welin wagty bilen köşeşmed. Gaýtam gitdigiçe güýjerledi. Edilen öwezalamandan birjigem rahatlyk tapmady köýüp giden arynyň ýerine düşdügi hasap etmedi. Jäjegiň haýsydyr bir tüýlek gajaryň goltugynda biçäre halda ýatyşy göz öňüne gelende bolsa bir ölübilmedi. Gijeler ýatybilmedi. «Öwhüldäp» ýerinden turdy, aýakýalaň, başy açyk ylgap daş çykdy. Gara öýüň daşyndan bir durman üç öwrüm edip, ýene-de öýe girdi.

Bir günem çäş wagtlary ilerden, galanyň günbatar derwezesine tarap salgym ýaly yrgyldap, şöhlesi gaçan hereketsiz hem sowuk gözlerini bir nokatdan aýyrman gelýän, ýüzi gara ýanyk, elleri-aýaklary gan-gabarçak, saçlary çal, keltejik boýly egbar bir zenan maşgala göründi. Ol sal-sal bolan eşikleriniň aşagyndan akjaryp görünýän tenini elleri bilen ýapjak bolup kösenýär. Ýyrtyk bolsa bir ýa iki däl. Köp. Has ulularam bar. Zenan şeýdip barşyna öňünden kim çyksa-da aýak çekýär, soňam ýüzüne çiňerilibräge-de: «Hi-iýh» etdirip erbet bit tisginýär, içini çekýär, esli wagt şeýdip durýar, birdenem ilk-ä bir «pyňkyran» ýaly edýär, yzyndanam «jakgyldap» gülüp goýberýär. Soň ýene ýöräp başlaýar. Ýüz-gözünde gorky alamatlary emele gelýär. Daş-töweregine howsalaly garanjaklaýar.

Öçügsiräk bolsa-da, balkyldap duran gara gözlerinden, şeýle hem hünji deý nepis akja dişlerinden çen tutaýmasaň, onuň ýaş maşgaladygyny aňar ýalam däl. Oba adamlary-ha ony ilkibada obama-oba aýlanyp, dilegçilik edip ýören sowdaýy, akly kemräk aýallaryň biridir öýtdüler. Diňe durup-durup, siňe-siňe syn edenlerinden soň, hususan-da sesinden çen tutup:

惘 Wiý, büý-ä Jäjek... – diýişdiler. Ýakalaryny tutup onuň eýlesine, beýlesine geçdiler. Daşyndan aýlandylar. Gözlerine ynanman öwran-öwran

çiňerilişdiler. Şoldugyna doly göz ýetirenlerinden soňam, obadaşlaryna, şeýle hem Garadöwlede habar bermek üçin, sozanda-guýruk bolşup hersi bir tarapa ylgaşlap gitdiler.

Jäjek welin hiç kime, hiç zada üns bermän, yrgyldap barýar.

Ine-de ol öz öýlerine golaýlady. Gapylaryna baryp aýak çekdi. Oňa çenli eýýämhaçan habardar edilen Garadöwledem gapysyndan atylyp çykdy. Ol birbada öňünde duranyň Jäjekdigine ynanman, onuň üstaşyry o ýan, bu ýan seretdi. Jäjegi gözledi. Soň töweregindäkilere ýüzlendi.

惘 Hany Jäjek? Jäjek nirede? Şumatjyk siz Jäjek geldi diýdiňiz-ä...

Aýalmy, erkekmi, Garadöwlet ony saýgaranok, ýöne, kimdir biri öňünde duran «garantga» tarap elini salgap:

惘 Ine, Jäjek-dä şü... – diýendenem:

惘 Jäjek? Jäjekmi şü? Şu duran Jäjekmi – diýip, Jäjege golaýlaşdy. — Jäjek? Bu senmi?

Jäjek onuň alkymyna dykyldy. Ýüzüne çiňerildi. Iki eli bilenem garnyny tutup kemiş-kemiş etdi. Ysgynsyz seslendi:

惘 Bir käsejik suwuňyz ýokmy jan dogan? Çagam suw diýip halys ölüp barýa...

Garadöwlediň depe saçy üýşüp gitdi. Endamy saňňyldady. Süňňi sarsdy. Galpyldady. Jäjegiň agaran saçlaryna, gara ýanyk bolan ýüzüne, hanasynyň içine çöküp giden gözlerine içgin garap durdy-durdy-da, böküp içeri girdi. Derhal bir susak suw alyp çykdy. Bir eli bilen egninden tutup, beýleki eli bilen içirdi. Soň tutaklap öýe saldy. Jäjek ýat birini görýän ýaly äriniň ýüzüne gorkuly seredip ýakymsyz ýylgyrdy. Garadöwlediň:

惘 Nirelerde azaşyp ýörsüň, Jäjek? Men seni ýer ýykyp gözledim, tapmadym... – diýen soragyna-da ýüzüni ynjyly çytyp, sowuklaç, üstesine-de, düýbünden başga terzde jogap berdi.

惘 Ah, jan dogan! Barar ýaly bazar, girer ýaly dükan däl ekeni. Aljagam baraýýa, almajagam baraýýa. Bir torba çüýrük hoz üçin üç günläp saman sowurmaly. Özüniňem baş-a asmanda, guýrugy gara ýeriň astynda. Aýaga ýalaňaç, göwresem günde, Aýlanýa, öwrülýä, iki gözem sende. Adam baram şo-ol, akyp du-ur, akyp du-ur... – Ol ennininiň gyralaryna üýşen ak köpürjikleri eliniň aýasy bilen süpürdi-de, gözlerini agdaryp garnyny sypalady. – Çagajygyma dzmedim. Bir başa iki ölüm satyn almaýyn, diýdim. Ýogsam-a... Özüme galsa-ha...

Onuň soňky sözleri Garadöwlediň gulagyna-da ilmedi. Ruhy sarsgyn başyny aýladymy, gözlerini garaňkyratdymy, agyr söweşlerden ýüz öwürmedik ýigit arkasyny tärime berdi-de, syrylyp aşak çökdi oturyberdi.

Oňa çenli daşkyrak goňşy-golamlaram «gözaýdyňa» gelşip ugradylar. Jäjegiň «çagam-çagam» diýip özelenip oturşyndan çen tutup, agyr jebirler görendir, çagasy ýa düşendir, ýa-da içinde ölendir, öýtdüler. Iki sany aýal ylgaşlap gitdi-de, derhal Baýramgül tebibi alyp geldi. Ol Jäjegi barlansoň çaganyň ýerindedigini, diridigini, ýaňy bir jan girip ugrandygyny aýtdy.

Hemmeler uludan demlerini aldylar. Garadöwledem uludan demini aldy. Ýöne, onuň şatlygy uzaga çekmedi. Jäjegiň gaýdyp gelmegini barybir arynyň alyndygy, namysynyň ýerine salyndygy hasap etmedi. Ony: Jäjege el degendir, diýen gorky basdy. Ýaman dert bu gümanyny ol hiç kim bilen paýlaşybam bilmedi, hiç kime içinem döküp bilmedi. Asla, hiç kimiň ýanyna barmadam, hiç kim bilen gepleşmedem. Güň ýaly ýeke özi bir öýden girdi-çykdy ýördi. Gözleriniň öňüne Jäjek bilen baglanyşykly her hili elhenç-elhenç suratlar geldi. Ýüregine sowuk suw urmak üçin, nägünlere düşendigini, näbelalara sataşandygyny Jäjegiň özünden sorajak bolubam kän synanyşdy, emma akly ýerinden üýtgän maşgalanyň takyk bir jogap berip biljekdigine ynanmady. Bardy-geldi bir zatlar diýäýende-de, ondan eşitmesiz zatlary eşiderinden, göwnüne getirýän zatlarynyň çyn bolup çykaryndan gorkdy. Özüne tenelli beriji pursatlaryň ýekeje gün hem bolsa gaýra süýşmegini isledi.

Jäjegiň welin bu wagt barybir, bolan işi beýan edere ýagdaýy ýok. Ol şol bir aýdýan sözlerini gaýtalap, ýör. Takyk bir zat diýip bilenok. Äri bilen oturakgetdänim açykdan-açyk gürleşenok. Garadöwlet bolsa käte «was-wasyň» ugruna gidip onuň bu bolşunam özüçe ýorýar. «Bolan işi maňa aýtmajak bolup bilgeşleýin şeýdip ýörendir» öýdýär.

Şeýlelikde, Jäjekli waka Garadöwlet üçin syr bolup galdy. Ýeke bir Garadöwlet üçin däl, tutuş, Gökdepe ilaty üçinem syr bolup galdy. Hemmeler üçin «wawwaly» bolan elhenç taryhy hiç kimiň, hiç kesiň ýanynda gozgasy, birek-biregiň ýürek ýarasyny dyrmalasy gelmedi. Garadöwlediň ýanynda-ha asylam.

Garadöwlediň özi bolsa, iliň öňünde müýnli ýaly, özüni hemişe sus alyp barýar. Ýagdaýdan çykalga agtarýar. Özüniňem Jäjegiň gününe düşerinden, aklyndan azaşaryndan gorkýar.

Ahyram ol belli bir netijä geldi. Daň bilen atlanyp daga tarap gitdi-de, iki günden soň on alty ýaşlaryndaky owadan pars gyzyny atynyň ardyna alyp geldi. Duluna geçirdi. Başyna gyzyl kürte atdy. Özüne ikinji aýal edindi. Molla getirip nika gyýdyrdy. Üýşmeleň etmedi.

Ol şeýdip, özüni köşeşdirerin, beýnimi alasarmyk pikirlerden arassalaryn öýtdi. Emma barybir bolmady. Gapma-garşylykly pikirler ony şondan soňam öz erkine goýmady.

Hakykatda welin, Jäjek arassady. Alyp gaçan garakçynyň ony özüne ýanýoldaş edinmek üçin äkidendigem, asyl, onuň öýden çykanda-da diňe şol niýet bilen çykandygam çyn. Şonuň üçinem ol ne ýolda, ne gyssagara edilýän düşleglerde Jäjek babatda hiç hili hyýanatçylykly hereketler etmedi. Dert-azar ýanyndaky döwüm-dişlem çöreklerden iýdirmek, suwjagaz, islese çaý içirmek bilen boldy! Doly düşündirip bilmese-de, özüniň niýetini Jäjege öwran-şwran düşündirdi. Daşynda «pyr-pyr» aýlandy.

Çünki, ol ony eýýäm öz maşgalasy hasaplap ýördi.

Emma Jäjek öňki Jäjek däldi. Onuň akly baryp-ha garakçylar tarapyndan joralarynyň ýeke-ýeke kerçelenip ugran wagty, esasanam kelte boýly garagyýçak gaýtarmanyň bir ýan kibtiniň göwresinden bölünägede gök otuň üstüne «patlap» gaçan wagty üýtgäpdi. Ýene bir gyzyň soýlan horaz ýaly, damagyndan bürküldäp akýan gana bogulyp, «hykyrdap» ýatyşam onuň üstüne urna bolupdy. Birdenem garnynda çaga bardygy ýadyna düşüpdi-de, hiç bolmanda şuny bir halas edeýin , diýip, ümdüzine gaçypdy. Bu onuň eýýänhaçan özüni taşlap barýan akyl-huşunyň iň soňky sagdyn çözgüdidi. Şondan soňky eden oňyn hereketleriniň aňyrsynda bolsa endik, tebigy duýgy, ynsan güýjüniňez berligi ýatyr.

... Şol gün gijesi bilen ýol ýörediler. Ertesi gün guşluk boluberende dag içindäki haýsydyr bir kiçeňräk çeşmeden geçmeli boldular. Suwuň ýüzündäki öz suratyndan ürkdümi ýa başga bir zatdan tebil tapdymy, iňňän ýadawdygyna garamazdan, at aýylganç bir «haýkyrdy-da», juda çusluk bilen özüni arkan zyňdy. Şol barmana art aýaklarynyň birem ullkan ýylçyr daşa degdi-de, bir gapdala «gürpüldäp» ýykyldy. Üstündäkileriňem hersi bir tarapa tüwdürilip gitdiler. Düýnden bäri gajaryň güýçli gollaryndan sypjak bolup, urna-urna halys ysgyndan gaçan gelniň , ýykylan wagty kellesi «gülçüldäp» ýere degdi-de özünden gitdi.

Gajaryň sag aýagy atyň aşagynda galdy. Edil, uýlugynyň aşagyna-da, gyýçak daş gabat geldi-de, at her gezek turjak bolup dyzanda jylka etini mazaly mynjyratdy. Uýluk çat açdy. Akan gan syrygyp baryp, «owup-owup» duran dury çeşmäniň sowuk suwuna gşuldy. Çalarak reňkini üýtgetdi. At özbaşyna özi çarap turup gidenden soňam gajar esli wagtlap gozganybilmän ýatdy. Birdenem «gelinligi» ýadyna düşdi-de, başyny zordan galdyryp eýlesine, beýlesine seretdi.

At görünmedi. Gelin welin özünden bary-ýogy iki ädimlikde sarsman ýatyr. Dem alýanam bildirenok. Gajar bar zatdan beter şondan gorkdy. Atam hiç, tapdyrar, özem hiç, ölmese galar gider, ýöne, şujagaz gelin welin tapdyrmaz. Oňa

şol gerek. Sallahlyk derdinden dynmak gerek. Şonuň üçinem, iň bolmanda onuň diridigine bir göz ýetirmek maksady bilen ol Jäjege tarap süýşenekläp ugrady. Baryp gabarçakdan doly aýasyny gelniň maňlaýyna goýdy. Soň gulagyny kükregine goňup ýüregini diledi. Diridigini bilip begendi. Şatlygyndan ýaňa gözlerine ýaş aýlandy. Hamsykdy. Gelni gujaklap aglady. Öz agyrylaryny bütinleý unutdy. Şol ýatyşyna-da usurgady.

Bir haýukdan soň Jäjek ýňranyp gözüni açdy. Gajaryň özüni gujaklap ýatyşyndan gorkdy. Ent-ment bolup ýerinden turdy. Çeşmäniň ýakasyndaky kelle ýaly ýylçyr çal daşlaryň birini iki eli bilen tutup aldy-da, dik depesine göterdi. Gajaryň üstüne abandy.

Gajar oýandy. Ýatan ýerinden oňa tarap aýasyny serdi.

惘 Gyzyl Ymam ursun, men seni satjak däl! Gyrnagam, hyzmatkärem edinjek däl! Men olja diýip çykmadym, sen diýip çykdym. Men, alamançy däl, galtamanam däl. Men dul! Sallah! Biçäre! Maňa öý gerek, ogul gerek, gyz gerek... Men... Men...

Şol aýgytly pursat Jäjegiň akly wagtlaýynça hem bolsa özüne gelen bolmaly. Ol dogry pikir etdi. Dogry netije çykardy. Wepat bolan joralarynyň, Garadöwlediň, göwresindäki çagajygynyň haky üçin, elindäki daşy «haýyna-waýyna» bakman, gajaryň çat maňlaýyndaky ullakan meňiň üstünden bar güýji bilen inderdi. Badyna entirekledi-de, Gajaryň üsti bilen ätmerläp bir ädim öňe gitdi. Gajaryň agdar-düňder bolan agy sargylt gözleri welin henizem özüne tarap ýalbaryjy nazar bilen seredýän ýaly bolup duýuldy. Göwre bolsa, Jäjek ondan ep-esli arany açanyndan soňam esli wagtlap kakyndy ýatdy. Tüýlek eller oňa tarap serilgiligine galdy.

Yns bolsun, jyns bolsun, hassa bolsun, sag bolsun, hersiniň öz tebigy duýgusy bar. Şol duýgy ony tä, jan teslim edýänçä terk edenok. Hususan-da öýüne, obasyna, maşgalasyna, il-gününe bolan duýgy. Şol duýgy ony entek aýaklary ädilýän bolsa, beýnisiniň salgy berýän nokadyna ýalňyşdyrman eltip bilýär.

Jäjegem obasyna şol duýgy alyp geldi. Şol duýgy oňa ýol görkezdi. Ol gije diýmän, gündiz diýmän ýöredi. Özem diňe Gündogara tarap gitdi. Daglykdan çykýança ýadan wagty içi ýylanlly, yçýanly gowaklarda ýatdy, gaplaňly, ýolbarsly derelerde, jülgelerde dynç aldy. Çeşmelerden suwlandy, ýuwadyr-ýelmik, kömelek, böwürlen iýdi. Soň ýene-de ýola düşdi. Dagdan çykyp düze düşensoň ol özüni has erkin duýdy. Şeýdibem oba geldi.

Şol zatlaryň hemmesi Jäjegiň aňyndan çykyp gidäýenok. Üzlem-saplamrak, bitertibräk bolsa-da, «ganly depäniň» wakalaryny, depeden düşüp gaçyşyny bir gajaryň özüni günbatar sary alyp gidip barşyny, yzyna gaýdyşyny Garadöwlede aýdybam berýär, ýöne, onuň ol «gürrüňlerinden» Garadöwlet hiç hili many ugur-

utga alyp bilenok. Şonuň üçin oňa ünsem berenok. Diňlänogam. Syrkaw adamyň samramalarydyr öýdýär. Onuň bar ünsi göwnüniň günanynda. Iň ýamany ana, şol. Ol şondan baş alyp çykyp bilenok.

Wagt bolsa geçip dur. Durmuş dowam edýär. Ine, hä diýmänem ekinler ýetişer. Soň onuň hasylyny ýygnamaly bolar. Tutuş il-günüň namysyna tokunmak üçin, agzyndan gyzyl ot saçyp gelýän uzyn guýrukly sary aždarhanyň öňünde döş gerip durmalam bolar. Şonuň üçinem, Garadöwlet islese-de, islemese-de basym öýdenem çykmaly bolar, il-günüň edýän hereketlerine, hysyrdylaryna goşulmalam bolar.

Bir gowy zat, Garadöwlet Jäjegiň garnyndaky çaga betgümançylyk edenok. Çünki, ol çaga entek ýazlaga gidilmezinden öň enesiniň göwresinde galypdy. Ony uly ilem bilýär. Şonuň üçinem Garadöwlet o tarapdan arkaýyn.

## 6. Gözi ganly general

Ahalyň han-begleriniň, Enehakydanyň we başga-da birnäçe adamlaryň çaklary dogry bolup çykdy. Orsyýet türkmen topragyndan elini çekmedi. Ülkäni ymykly eýelemek maksady bilen haýdan-haý ikinji harby ýörişi taýýarlamaklyga girişdi.

Taýýarlygyň tutumy uly. Çünki, diňe altydan bir bölegi tüpeň, galanlary gylyç, pyçakdyr-gyrkylyk ýaly sowuk ýaraglar bilen ýaraglanan ahal tekeleri ors hökümediniň Kawkazda, Krymda, Hywada, Buharada, Bolgariýada, Polşada gazanan şöhradyny elinden alypdy. Ýeke bir Aziýada däl, tutuş Ýewropada hatda Amerkida hem tekeleriň orslaryň üstünden gazanan ýeňişleri barada gürrüňler edilýärdi. Şonuň üçinem, bu ýöriş esasanam ahmyrçylykly häsiýete eýe. Maksat: Her zat etmeli welin, «wagşy» türkmen taýpalarynyň hemmesine göz bolar ýaly. Ahal tekelerini mugyra getirmeli, jezalandyrmaly we ors ýaragynyň Gökdepe galasynyň diwarlarynyň düýbünde çöpe-çalama bulaşyp galan şöhratyny gaýdyp almaly. Dikeltmeli.

Ýöne, birinji Gökdepe urşuna gatnaşan soldatlaryň öz köne söweşdeş generallary Tergukasow bilen ikinji Ahalteke ýörişine gatnaşmak arzuwlary hasyl bolmady. Birinji Ahalteke ýörişine gatnaşanlaryň hemmesini assa-ýuwaş Hazar deňziniň Kawkaz kenaryna, – Bakuwa taşlamak barada ýokardan buýruk geldi. Goşun bütinleý täzelendi.

Ýörişiň goşun başlyklygyna şondan üç ýyl ozal Bolgarýada bolup geçen rus-türk urşunda tapawutlanan, Hywanyň, Buharanyň, Kawkazyň, Fergananyň,

Andijanyň boýun egdirilişine gatnaşyjy, türki halklaryň gözleriniň oduny almakda hemmelerden tejribeli hasap edilýän otuz sekiz ýaşly general Mihail Dmitriewiç Skobelew bellendi. Bu onuň ömründe ilkinji gezek baş serkerdelige bellenişidi.

1843-nji ýylda Peterburgda doglan Skobelow kakasynyň harbyçylyk hünärini saýlap aldy. Ilki öz maşgalasynda, soň Dezideriýa Žirardeniň Pariždäki şahsy pansionynda terbiýelendi. 1861-nji ýylda Peterburg uniwersitetine kabul edildi. Ýöne, bidüzgünçiliklere gatnaşandygy üçin diýlip bir ýyldan soň okuwdan çykaryldy. Az mahal Kawalergard polkunda nöker boldy we 1863-nji ýylda kernetlige geçirildi. Hut şol wagt hem patyşa samoderžawiýasyna garşy polýaklaryň gozgalaňy başlandy. Ol ýerde Skobelewiň kakasy gulluk edýärdi. Söweşlere höwesek, ýigrimi ýaşly Dmitriý haýal etmän kakasynyň ýanyna ugrady. Emma, entek ol ýere ýetmänkä, gozgalaňçylaryň garşysyna uruşmaga barýan goşuna gabat geldi we olara goşuldy. Şol ýerde hem gan dökmekligi öwrendi. Gelejekki harbyçylyk ýoluna gadam goýdy.

Soň ol Baş ştabyň Akademiýasynda okady. Ony tamamlandan soň özüniň Orta Aziýa iberilmegini haýyş etdi.

Harby serkerde hökmünde onuň Türküstan babatda öz syýasaty bardy. Ol Orta Aziýa, şol sanda Türkmenistana hem, harby baza hökmünde garaýardy. «Biz buharalylary, hywalylary, türkmenleri gutarnykly boýun egdirip, olary guramaçylykly bir güýje öwürmeli, wagty gelerem welin, şolardan düzülen ýüz müň atlydan ybarat goşunyaýga galdyryp, awangard hökmünde iňlis-hindi serhedine sürmeli we Demir agsak döwrüniň ýörişlerini täzelemeli» diýmäni gowy görýärdi.

Tekeler tarapyndan soň-soňlar: «Gözi ganly general» ýa-da «aýry sakgal» diýip atlandyrylan, ors şowinistleri tarapyndan milli gahryman hökmünde öwlüp arşa çykarylan, uçursyz mahabatlandyrylan bu serkerdäniň umuman alanyňda türki halklara aýratyn bir öçli garaýyşy bar. Onuňam sebäbi, 1868-ji ýylyň 1-nji maýynda Orta Aziýadaky basybalyjylykly hereketleri bilen meşhur bolan, Gazawat gyrgynçylygynyň esasy ýolbaşçysy Fon Kaufman Samarkandy basyp aldy we bir aýdan soň ol ýerden çykyp, Ketdegorgana tarap ýola düşdi. Şol gijäniň özünde hem Samarkantda gozgalaň turdy. Bu habar Kaufmana Zerbulagyň ýanynda, buharaly gozgalaňçylar bilen söweşip ýörkä baryp ýetdi. Kaufman ol ýerdäki gozgalaňy ýatyryp yzyna Samarkanda dolandy. Gelip gozgalaňçylary dargatdy. Zerewşan okrugynyň general gubernatory Abramow gozgalaňyň giňäp, öz çäklerine hem ýeterinden ätiýaç etdi we Kaufmandan goşmaça kömek sorady. Onuň haýyşyny kanagatlandyrmak maksady bilen, Kaufman ştabs-rotmistr Skobelewi Samarkanda çagyrdy we şonuň ýolbaşçylygynda jeza beriji otrýad düzüp Zerewşana iberdi. Emma, Skobelew Ketdegorganyň golaýyndaky çarşenbe

gyşlagynyň töwereginde bir özbek ýigidiniň baştutanlygyndaky hiç hili söweş taýýarlyklary bolmadyk kiçeňräk otrýady tarapyndan masgaraçylykly ýagdaýda şowsuzlyga ugrady.

Bu ýagdaý Türkistandaky eden-etdilikleri bilen howaýy şöhrat gazanyp, döşlerine kakyşyp ýören ors harbylaryny atdan ýykylana dönderdi. Olar özlerini namys astynda galan hasap etdiler we bu iş üçin Skobelewiň jeza çekmegini islediler. Esasanam Kaufman oda-köze düşdi. Ol gazaplandy. Skobelewiň nalajedeýinligini Imperatoryň öňünde açyp görkezmek maksady bilen, bolan iş boýunça ýörite ýazmaça taýýarlamak üçin, döwlet derejesinde barlag toparyny döretdi. Skobelewiň jezalandyrylmagyny, özünden ýokary derejedäki adamlardan, şol sanda Imperatoryň özündenem haýyş etdi.

Skobelew jezadan diňe uly çinli harby, ak patyşa bilen içgin gatnaşykda bolan kakasynyň tagallasy arkaly gutuldy. Ýöne, türkistanlylara bolan kitüw welin, şondan soň onuň içinde düwün bolup galdy. Hut şonuň üçinem, ol ömürboýy uly diýmän, kiçi diýmän, aýal ýa erkek diýmän, gylyjyny türki halklaryň depesinde dalawladyp başlady. Gyrdy. Keýp edip kerçedi. Şeýtmekden lezzet aldy. Ýeke bir ýeňýänçä däl, ýeňenden soňam, garşydaşy amana gelenden soňam gyrdy. Gyrgynçylyksyz ýeňi şony kanagatlandyrmady. Hiç haçan garşydaşynyň boýun sunujylykly töwellaryny kabul etmedi.

Çarşenbe gyşlagynyň golaýyndaky şowsuz wakadan soň jezadan sag-aman gutulan hem bolsa, Beýik Rus imperiýasynyň abraýyny ýere çalan adam hökmünde ony Türkistanda uzak saklamadylar. Kawkaza geçirdiler. Şonda onuň Orta Aziýa gelenine bir ýyl hem dolmandy. Şol ýerdenem merkezi Krasnowodskide ýerleşen Zakaspiý harby bölümine iberildi. Baran gününden başlabam, türkmen obalaryny basyp almana başlady. Ýöne, bu wagt ors hökümeti eýýäm Hywa ýörişe taýýarlyk görüp ýördi. Skobelew ol ýörişe höwes bilen goşuldy.

Hywa alnan wagty onuň içindäki kitüw hasam görnetin ýüze çykdy. Şäheriň uruşsyz boýun egmegi onuň lapyny keç etdi. Şöhrady elinden gidip barýan adam hökmünde özüni iňňän oňaýsyz duýdy. Çünki, oňa iki elinem ýokary göterip çykan «alamançylar» däl-de, gylyjyň, top oklarynyň, zoruň güýji bilen boýun egdirilen, ýarysyndanam gowragy gyrlan garşydaşlar, gan dökülip gazanylan şöhrat gerekdi. Şonuň üçinem, güýç ulanmaklygyň hiç hili zerurlygynyň ýokdugyna garamazdan, awangard naçalnigi Skobelew jeza beriji otrýadyň umumy ýolbaşçysy general Werewkiçiň rugsady bilen, eýýäm boýun egen Hywa şäherini top okuna tutdy. Soňra granatlar bilen galanyň derwezesini we minaralaryny weýran etdi. Galany goraýjylar derhal diwarlardan düşdüler we bialaç söweşe girmeli boldular. Netijede iki tarapdanam nähak ýitgiler çekildi. Şondan soň Skobelew hili bir iş bitiren adam hökmünde gala kürsäp girdi we şäheriň derwezelerini, han köşgüni eýeledi.

Şeýle aňsat şöhrat oňa diňe garşydaşynyň ýarag, güýç, tertip-düzgün, guramaçylyk taýdan gowşak bolan halatynda miýesser edýärdi. Ol özüni hamala ýeňmesi kyn bolan, gaýduwsyzlyk bilen garşylyk görkezen, her tarapdan taýýarlykly, ýarag serenjamy güýçli bolan duşmany ýeňen adam hökmünde görkezmäge dyrjaşýardy.

Ýöne, onuň bu hereketlerini ors serkerdeleri gaty bir oňlap hem barmaýardylar. Hususan-da, Kaufman ýaly özünden uly çinli serkerdeler oňa sowuk garaýardylar. Emma ak patyşanyň lälijegine hiç kim batyrynyp bilmeýärdi. Onuň özi bolsa edýän ters hereketleriniň sebäbini: «Men Aziýany gowy bilýärin. Onuň adamlaryny gowy tanaýaryn. Şular ýaly elhenç sütemlere sezewar edilmeseler, bular hiç haçanam ýeňilenlerini boýunlaryna almazlar» diýip, düşündirýärdi.

Andijan gozgalaňy basylyp ýatyrylanda ol özüni hasam zalym alyp bardy. Entek hüjüme-de geçmezden öň, şol gozgalaňa gatnaşan ýa-da gozgalaňçylara kömek eden, olara öýünden gaçybatalga beren adamlaryň gyşlaklaryny ýakdy, ýaşaýjylaryny bolsa göterip çykandyklaryna garamazdan uçdantutma gyrdy.

Ýene bir hakykat: Kokant ekspedisiýasy döwründe Skobelewiň jeza beriji otrýady Garaderýa jülgesindäki ýakylyp küle öwrülen obalaryny taşlap gaýdan we aç-ýalaňaç ygyp ýören adamlara sataşdy. Olar düýbünden ýaragsyzdylar, hordular, juda ejiz görünýärdiler. Köpüsem ýaş çagalardylar, aýallardylar, gojalardylar. Muňa garamazdan, Skobelew öz garamagyndaky ofiserler Naliwkine we Ionowa gaçgaklary oka tutmaklygy, tä iň soňkusyna çenli gyrmaklygy buýurdy. Naliwkin onuň buýrugyndan boun towlady. «Men ofiser, parahat, ýaragsyz ilaty gyrmak meniň öz adyma-da, goşunyň, tutuş Orsyýediň abraýyna-da uslyp däl», diýdi. Şonda Skobelew halky gyrmaklygy Ionowa tabşyrdy. Olam ikirjiňlenjek boldy welin, haýbat atdy. Ýaragyna ýapyşdy. Netijede Ionow öz soldatlaryna ejiz ilaty gyrdyrdy. Buýrugy ýerine ýetirmändigi üçin jezalandyrmagyny talap edip, Skobelew Naliwkiniň üstünden iň ýokary edaralara çenli arza üstüne arza ýazdy. Ahyrsoňy onuň gullugy terk edip otstawka gitmegini gazandy.

Skobelew Bolgariýany Osman imperiýasynyň agalygyndan azat etmek ugrundaky rus-türk urşuna – Şipkanyň boýun egdirilişine, Plewnä hüjüm edilişine, Lowçiniň alnyşyna, Çynar daglaryna edilen hüjüme gatnaşan esasy serkerdeleriňem biri. Ol şol ýerde hem Orta Aziýaly türki halklaryň, hususan-da türkmenleriň gadymky ganybir garyndaşlarynyň biri bolan türkler bilen urşupdy we özüne şahsy şöhrat gazanmak üçin soldatlarynyň janlaryny gaýgyrmandy, olaryň gereginden artyk çekýän ýitgilerine biparh garapdy. Çünki, onuň özüni Bolgariýany türklerden azat eden ýeke-täk adam hökmünde görkezesi gelýärdi.

Birinji Ahalteke ýörişi döwründe ol gulluk borjy boýunça Germaniýada ýördi. Ýöne, ýörişiň barşy bilen yzygiderli gyzyklanýardy we goşunyň her bir harby üstünliklerini gabanç şowsuzlyklaryny, serkerdeleriň abraýyna nogsan getirip biläýjek wakalary bolsa bilniksiz söýünç bilen garşylaýardy. Çünki şol ýörişe gatnaşyjy serkerdeler – graf Borh, knýaz Dolgorykiý dagylar Skobelewiň Kokantdaky gazanan şöhradyna bäsdeşlik eden, Ferganadaky käbir gödek hereketleri üçin üstünden Peterburga arza ýazan, 1877-nji ýylyň martynda Imperatoryň öňünde gyzarmagyna sebäp bolan adamlardy.

Ikinji Ahalteke ýörişine baş serkerde edilip bellenenden soň, ol uruş wagtynda özüniň rehimsizlik bilen hereket etjekdigini hiç kimden gizläbem durmady. Çünki, şeýtmeklik onuň harby serkerde hökmünde öz öňünde goýan baş maksady. Şeýle birehim bolmasa özüne ýeňşiň ýar bolmajakdygyna, şöhradyň nesip etmejekdigine ol ynanýar.

Ýörişe ugramazynyň öň ýany, Hazar deňziniň ýakasynda ýaşaýan ýomut türkmenleri bilen bolan gürrüňçilikde ol:

— Güýç meniň elimde. Men duşmany ýok ederin. Ruslaryň her damja gany üçin duşmanyň ganyny derýa deý akdyraryn – diýdi.

Gökdepe basylyp alnandan soň ahally tekeleriň ählisini Hazar deňziniň ýakasyna sürmek, galany bolsa tekizläp, ýerine sogan ekmek barada göwün ýüwürdipdi.

Geçen ýylky Gökdepe urşy barada Orsyýediň metbugatynda çykyş edýän käbir awtorlaryň makalalarynda ýerli halka duýgudaşlyk bildirilýärdi, galadan çykyp başlaryny gutarmak üçin guma tarap gaçmaga synanyşan türkmen maşgalalaryny kowalan, yzlaryndan ýetip gyrandyklary üçin soldatlaram, olara şeýle buýruk beren ofiserlerem berk tankyt edilýärdi. Rehimsizlikde aýyplanýardy. Şolar ýaly hereketleri etmekden boýun gaçyran ýa-da bu hakda ofiserleriň atlary hormat bilen agzalýardy, olaryň şol hereketleri goldanylýardy, magtalýardy.

Şolar ýaly gazet makalalaryny okanda, Skobelewiň gany depesine urýardy. Gaharlanýardy. Ýumrugyny düwüp, stoluň üstüne düňküldedýärdi, öz ýanyndan şol makalalaryň awtorlaryna haýbat atýardy. Garaderýaly özbekleri gyrmak baradaky buýrugyndan boýun gaçyran Naliwkini göz öňüne getirip gyjynýardy.

Şonuň üçinem, ol öz ýolbaşçylygynda gurnaljak ýörişe şolar ýaly ýüregi ýuka, duşmana dözümsiz ynsanperwer ofiserleriň iberilmezligini, žurnalistleriň-ä asylam goşulmazlygyny haýyş edip, Kawkaz goşunlarynyň Baş komanduýuşisine hat üsti bilen ýüz tutupdy. «Urşuň ýowuz talaplary hemme ýerde birmeňzeşdir. Şonuň üçinem, Lomakiniň geçiren çäreleri aklawja mätäç däl. 1870-1871-nji ýyllarda Parižiň eteginde-de şeýle edilipdi. Rus-türk urşy mahaly, Plewnanyň

eteginde-de hut şeýdipdik. Biz mundan buýana-da şeýderis. Harby adamyň kellesinde buýruga amal etmekden başga hiç hili pikir bolup bilmez. Içinde serkerdesinden başgaça pikirlenýäni bar bolsa, onda ol goşun gowşak goşundyr. Egerde, şeýle adam meniň otrýadyma düşse we käbir söweş hereketlerimiň gödek ýa rehimsizdigi barada dil ýarsa, onda men ony jezalandyrman durup bilmen. Munuň maňa nähili agyr degjekdigini siz göz öňüne getirip bilersiňiz, ýöne, gynansak-da, men şeýle çäreleri geçirmeli bolaryn» diýip, ýazypdy.

Bolaýmagy gutulgysyz görünýän ikinji Gökdepe urşunda Nurberdi han bilen drkaşa girjek ors serkerdesiniň harby keşbi umuman alanyňda ine, şeýleräk.

## 7. «Baş bolmasa göwre läş»

Edil Lazerewiň edişi ýaly, Skobelew hem goşun serenjamyna Çekişlerden başlady. Şol bir ýol bilen gaýtdy. Bendedesen geçidinden aşyp, Bamyda ornaşdy. Şol ýerdenem ýerli ýagdaýy öwrenmek üçin, ýany toply, ep-esli soldatdan ybarat otrýady bilen, birnäçe gezek Ahal ülkesine barlaga gitdi. Soň ýene-de Bama dolanyp geldi we tä, 1880-nji ýylyň dekabr aýynyň başyna çenli, Gökdepe galasyna hüjüme gidilýänçä, şol ýerde boldy. Iň soňky taýýarlyk çärelerini gözden geçirdi. Ahal obalaryna birsyhly wehim salmak bilen, ikinji urşuň gutulgysyzdygyny tekelere göze dürtme görkezdi. Çomrularyň oba hojalyk işlerinde päsgel berdi. Çarwalaryň mal-garalaryna talaň saldy. Orsyýediň Eýrandaky wekiliniň üsti bilen Kuçandaky, Büjnürtdäki, Horasandaky kürtleriň türkmen obalaryna häli-şindi çozup, alaman edip durmaklaryny gazandy.

1880-1881-nji ýyllar aralygynda Hazar deňziniň kenaryndaky Mihaýlowsk aýlagyndan Gyzylarbada çenli demir ýol çekildi. Şonuň bilen birlikde, telegraf hem çekilip gaýdyldy.

Ol ýol diňe harby maksatlar üçin guruldy we diňe harby maksatly ýükler – top, tüpeň, ok, däri, goşun, goşun üçin ot-iým, telegraf sütünleri we gerek bolup biläýjek beýleki gurluşyk desgalary daşaldy.

Birinji ýörişdä-kä garanda bu gezek goşunyň tyl bilen aragatnaşygy, üpjünçilik ýagady görnetin gowulaşdy. Patyşa goşunynyň türkmen topragyna has çuň aralaşmagyna ýardam etdi. Onuň bu ülkä ymykly geljekdigini berk ornaşjakdygyny, bu golaýda yzyna gitmejekdigini mesaňa-mälim äşgäre kyldy. Türkmen han-beglerini has tijenmäge, goranyş çärelerini tizleşdirmäge mejbur etdi.

Nurberdi han onsuzam boş ýatanokdy. Şol döwrüň içinde ol galanyň öň gurlup gutarylmadyk diwarlaryny dikeltdirdi, garawulhanalaryny bejertdi, ýigrimi iki müň adamlyk goşunyň başyny jemledi. Häli-şindi maslahatlar geçirip durdy.

Şolar ýaly maslahatlaryň birinde wekilleriň bir bölegi tarapyndan, nähili hereket edilse gowy boljakdygy barada maslahat sorap, Hywa hanyna ýüz tutulaýsa nähili boljakdygy barada gürrüň gozgaldy.

惘 Siz näme, Hywanyň mundan alty ýyl ozal ors hökümediniň gol astyna geçendigini unutdyňyzmy? – diýip, Nurberdi han şol gürrüňi gozgan adamlaryň ýüzüne ýeke-ýeke seredip çykdy. – Gazawat gyrgynçylygynam ýadyňyzdan çykardyňyzmy? – Diňe Hanmämmet atalyk oturan ýerinde biraz oýkanjyrady diýäýmeseň, maslahata gatnaşyjylaryň hiç birinden ses çykmady. – Şonuň üçinem, bize ok-ýarag, iýmit ýa maslahat kömegini bermeg-ä beýlede dursun, asla ors türkmen dawasyna goşulmaga onuň hakam ýok, oňa oň gaýratam çatmaz. Bognam ysmaz.

惘 Onda, Horasan welaýatynyň häkimine ýüz tutalyň. Goý, ol bize iň bolmanda Sarahsa, Büjnürde, Kuçana, Deregöze göçmäge rugsat bersin – diýip, başga bir topar ikinji teklibi orta atdy.

惘 Horasan näme Eýran dälmi – diýip, Dykma serdar iki dyzynyň üstünde leňňerläp oturşyna aýtdy. – Ol ýerde orsyýediň bähbitini arap oturan öz ilçileri bar. Onuň üstesine ol ýere häli-şindi, biziň meselämiz boýunça ýörite wekillerem baryp-gaýdyp durlar. «Ganly depede» bolan wakanyňam aňyrsynda şolaryň durandyklary ynamdar çeşmeler arkaly bize mälim boldy. Garadöwlediň guran alamanam ors hökümediniň garaşan netijesini berdi. Ony Eýranyň şasy «öwezalaman» däl-de, «alaman» hökmünde kabul etdi. Bu mesele boýunça indi onuň nähili çözgüt çykarjakdygy belli däl. Şonuň üçinem o tarapdan ýaňa tamaňyz toraňňa daňylan ýaly bolaýsyn. Bilşimiz ýaly biziň olar bilen ok-ýarag söwdasyny etmek baradaky synanyşyklarymyzyňam öňüni orslar ökdelik bilen çoladylar.

惘 Onda Mara, Tejene göçeliň – diýip, başga biri üçünji teklibi girizdi.

Ol meseläni-hä tekeleriň özlerem deň-derejede goldamadylar. Göwnemediler. Hususan-da, ýaş batyrlar dyzmaçlyk etdiler. Beýtmekligiň ýurdy elinjek duşmanyň eline goýup gitmeklik boljakdygyny aýdyp «haýkyryşdylar». Mary bilen Tejende bolsa asla ýer-ýurduň, suwuň ol ýerdäki oturanlar üçinem ýeterlik däldigini, üstesine o ýerlere baranyň bilenem orslrdan gaçyp gutulyp bolmajakdygyny, baran günüň ertesi olaryňam toplaryny süýreşip yzlaryndan barjakdyklryny öwran-öwran nygtaşdylar...

Şu maslahatda umuman, ors hökümeti tarapyndan türkmenleriň tas, ähli ýollarynyň diýen ýaly ýapylandygy, Hakdan başga hiç-hili ýapyşalgalarynyň ýokdugy belli boldy.

Şeýle-de bolsa, «ýatyp galandan atyp gal» edip, Hywa-da, Buhara-da, Büjnürde-de, Mara-da kömek sorap habar ibermeli, diýen karara geldiler.

Şular ýaly üznüksiz hem gyssagly geçirilýän maslahatlaryň käbirinde, öňem birnäçe gezek garalan meseleleriň ýene-de gün tertibine getirilýän wagtlary-da az bolanok. Şonuň iň köp gaýtalanýany: «Uruşmalymy ýa boýun egmelimi?» diýen mesele.

Ýöne, soňraky maslahatlaryň birinde, şol mesele: «Uruşmalymy ýa geçirip goýbermelimi?» diýen görnüşde orta atyldy. Bu pikir meseläniň parahatçylykly ýol bilen çözüläýmeginiňem bolup biläýjek zatdygyna umyt döretdi. Şonuň üçinem, maslahata gatnaşyjylaryň aglabasy:

惘 Geçip gitjek bolsalar honha ýol, gidibersinler, şu ýerde ýük ýazdyrmasalar, duz torbamyza dawa etmeseler bolýa – diýen pikiriň tarapynda durdylar.

Başga birleri bolsa:

– Aslynda ol geçip gitjekmikä beri? Geçip gidenden soň dolanyp geläge-de şu wagtky salyp gelýän demir ýollaryny sökäge-de, arkalaryna alyp äkitjekdiklerine ynamyňyz bamy? Geçip gitjek adamyň beýdip, öý eýesiniň üstüne eli ýaragly dyzap durmajakdygyna aklyňyz çatmaýamy ýa?.. – diýdiler.

Şu terzde gürlänler başga-da kän boldy. Meselä iň soňunda Nurberdi han aýdyňlyk girizdi.

惘 Şu gürrüň başda-da bir ýüze çykypdy-y.. – diýip, ol tahýasyny yza süýşürip, elindäki ýaglygy bilen tüňňi hem giň maňlaýynyň derini süpürip oturşyna aýtdy. – Biz geçip gitjek, Hindistan barjak, Owgan barjak üstüňizden ýol saljak diýip, şo döwürlerem käte bir agzardylar. Başda hakykatdanam şol pikirde bolan bolmaklary mümkin. Emma syýasatlaryny üýtgeden bolsalar gerek, häzirki bolup gelişler-ä dogrudanam ötegçä meňzänok.

Göräýmäge maslahat jemleniberdem. Ýöne, hiç haçan işini çig etmeýän Hanmämmet atalyk söz aldy-da, özüniň ýuwaştap, ýakymly sesi bilen:

惘 Geliň onda bir zat edeliň, adamlar – diýdi. – Şu gürrüňiň anygyna ýeteliň. Iň bolmanda şuny teklip hökmünde öz adymyzdan aýtsagam bolýa. Egerde, dogrudanam geçirip goýbermegimize razy bolsalar, geçirip goýbereliň. Elbetde, ýaňy ol habaryň aldaw, hile bolaýmagynyň ahmaldygynam aýtdylar,

ýöne, şeýle-de bolsa geliň, bagtymyzy synap göreliň. Belki çyndyr. «Ýagşy niýet, ýarym döwlet» diýipdirler.

Muny häliden bäri seslerini çykarman, içlerini hümledişip oturan Gurbanmyrat işandyr, Kerimberdi işan dagam goldadylar.

惘 Howwa-da, sorap göräýeniň bilen ýitirýän zadyň-a ýok. Geçip gidenleri bilenem ýitirýän zadymyz ýok. Ýüreklerinde ýamanlyk bolsa bizden iýmedik taýaklaryny ýa owgandan iýerler, ýa-da hindilerden – diýdiler.

Gepleşik geçirmekligi Orazmämmet hanam, Gulbatyr serdaram goldady. Ýaş batyrlaram bu gezek ýaşulylara garşy çykjak bolup durmadylar.

Ruhy batyryň özi bolsa bu maslahatda-da ýok. Ol häzirem dagdan ileride, nobatdaky sergezdançylygynda gezip ýör. Ekabyrlar onam ýatladylar. «Garadöwlediň ýetiren zyýanam ýetik, oňa — Indiden beýläk şoýandan aýagyňy çek, diýmeli. Aýdylana gulak asmasa çäresini görmeli» diýdiler.

Şonuň bilenem şol günki maslahat tamamlandy.

Geçen uruşda Dykma serdaryň öz nökerleri bilen nä günlere düşendigine, soň on iki adamdan ybarat ilçileriniň dardan dikbaşak asylandyklaryna garamazdan, şol günüň ertesi, ýene-de dokuz adamy ilçi edip orslaryň üstüne iberdiler. Olaryň aýtmaly zatlary şü: «Egerde, siz Ahal ülkesiniň üstünden geçip gitmek isleýän bolsaňyz, onda, han-hezretleri Nurberdi han size ak ýol arzuw edýär...»

Ugrajak wagtlary Nurberdi han ilçilere şeý diýdi.

惘 Garaşyp duran ors wekilleri siz ýanlaryna barmankaňyz atlarynyň başyny öwrüp, özleriniňkä tarap gidiberseler, sizem yza dolanyň - diýdi.

Hut , şeýle hem boldy. Ors wekilleri türkmen ilçilerini garşylaman, esli aralykdan yzlaryna dolandylar.

Bu, töwellanyň alynmajakdygynyň, gepleşikleriň geçirilmejekdi giniň, hiç-hili teklibiň kabul edilmejekdiginiň alamatydy.

Ilçiler ýüzlerine urlan ýaly bolşup yzlaryna gaýtdylar. Ak esgä dönen ýüzlerini sallaşyp, gala girdiler.

Muny görüp ähli ýaşulylaram, ekabyrlaram erbet boldular. Uly-kiçi hemmeler gynandylar. Gurbanmyrat işan bolsa yzly-yzyna ýuwdunyp oturşyna başyny ýaýkap:

惘 Ata-babalarymyzyň: ors ynsaplydyr, ýöne, imansyzdyr, diýenleri dogry bolup çykdy-ow – diýdi. – Imansyzdan bolsa bäş wagt namazdan başga her zat çykar. Indi arkaýyn urşa taýynlanyberiň, adamlar.

Dowul döretmezlik üçin bu hadysany halk köpçüliginden ýaşryn saklamaly diýen netijä geldiler.

«Bela ýeke gelmez» diýleni. Gaýra üzüldimi ýa ýagdaýyň çylşyrymlaşýandygyna süňňi saradymy, tomsuň soňky aýlary birdenkä Nurberdi hanyňam geçen ýyl Marydan tapynyp gelen keseli gozgady-da, ýanyny ýere berdi ýatyberdi. Şeýle-de bolsa onuň taby entek-entekler-ä ajala per bererlikli däl. Akly-huşy, gepi-sözi ýerinde. Öz agramyny göterýär, girip-çykýar. Galanyň içinde we daşynda bolýan her bir herekete, urşa görülýän taýýarlyklara doly gözegçilik edip bilýär.

Onsoňam, Ahalyň iň güýçli tebibi hasaplanýan Orazmämmet tebip onuň ýanyndan aýrylanok. Daglara, gum içine gidip dermanlyk ot-çöp getirýär. Em edýär. Bejerýär. Uly ilem Alladan öz hanlarynyň basymrak gutulmagyny, aýak üstüne galmagyny urşa onuň hut özüniň ýolbşçylyk etmegini isleýär.

Ýöne, nätjek, hemme zat göwün islegiňe görä bolup durmy näme? Boljak işe bolsa çäre ýok.

...1880-nji ýylyň awgust aýynyň ahyrlarynda, günortanlar, edil ýerden çykan ýaly bolup, Nurberdi hanyň howlusynda sellelerine çenli zybrym ak geýnen, iki sany geň-taň myhman peýda boldy. Olaryň ikisem ýaşlary bir çene baran moýsepit kişiler bolup, biri has gojamanrak görünýär. Onuň hatda gaşlaram Hakyda mollanyňky ýaly juw-ak. Gyzgylt öwüsýän ýüzi ýygyrt-ýygyrt. Şol ýygyrtlaryň içi bilen syrygyp gaýdýan der gelip, boýnundaky ýygyrtlarynyň içi bilen akyp endamyna ýaýrap gidýär, hut şonuň üçinem, ak köýneginiň ýagyrnysy öl-myžžyk. Gözleriniň içine nas pürkülen ýaly. Agy sargylt. Içinden inçejik gan damarjyklary geçýär. Olaryň käbiriniň reňki mawy, käbiriniňki gögümtil. Jikgeleri, kirpikleriniň düýbi gyzyl bolansoň, bäbenekleriniň daşyna gyzyl jähek aýlanan ýaly. Agzy kempeýip, kiçijikligi hem togalyklygy, üstesine-de mürşeýip durandygy üçin hoza meňzeýän eňegi öňe çykyp dur. Bir gözem dyzzygrak bolansoň gürrüňdeşiniň ýüzüne boýnuny bir tarapa gyşardyp, araba çykjak horaz ýaly jiňkerilip seredýär. Görnüşi howsalaly. Gyssanmaç. Ogurlyk etjek ýaly. Häli-şindi töweregine garanjaklaýar. Elleri sandyraýar, kellesi saňňyldaýar.

Ol ylgaşlap ýanlaryna gelen hyzmatkär ýigide gymşaýlyp seretdi-de, çalgyrt, ortalyk türki dilde:

惘 Şükürmi, gurgunmy – diýdi. Şonda onuň sesem sandyrady. – Biz bala, Hywadan gelümiz. Ýulda Kunýaurgançga baryp, uç ýuz altmyş äwliýägä ziýarat etgen biz. Sarahs baba-gada, Mene baba-gada bargan biz. Intem Mekgä baramyz. Haçga kitämiz...

Şondan soň ol özüni pir, ýanyndaky tegelek ýüzli, togalak kelleli, çal murtlarynyň hersi bir emniniň gyrasyndan sallanyp duran, gabaklary pökgi, gyýajyk gözli, ýagyrnysy ýasy, ýöränd bir gapdala seredip ýapyrylybrak ýöreýän kişini bolsa sopusy hökmünde tanyşdyrdy. Sopam öz gezeginde gyýajyk gözlerini gypyrjykladyp, edil içi gyjyklanýan ýaly bokurdagyndan «şyg-şyg» ses çykaryp, çalt-çalt gepledi.

惘 Han hazratlary kasal diýip eşitkan biz. Soryp keçemiz dedik. Kandaý ol? Ýakşymy?

Hyzmatkär derhal olaryň atlaryny teblehana eltip, gazyga iltedi-de, habarlaryny hana ýetirdi.

Han:

惘 Taňry myhmany bolsa irikgä etmäň, myhmanhana eltiň, hezzet-hormat ediň - diýdi.

Emma myhmanlaryň myhmanhanada uzak eglenesleri gelmedi. Has beterem pir kişi oturan ýerinde uçup-gonup, zowzullap başlady. Her gezek hyzmatkär ýigit girende, han hezretleriniň özüni görüp, saglygyna haýyrlyk doga okap gitmeseler tä, Mekgä barýançalar, asla, gaýdyp gelenlerinden soňam ynjalyp bilmejekdiklerini özleriniňem iňňän gyssagdyklaryny aýdyp gulak etini guratdy. Ahyry unup-çydaman, hyzmatkär ýigit olaryň o hyýyşlarynam hana ýetirdi.

Han ýene-de sypaýyçylyk etdi.

惘 Taňry myhmanynyň raýyny ýykyp bolmaz, goý, gelsinler.

Myhmanlar iki tirkeş bolup gapydan girdiler. Ilki pir, soň sopy girdi. Salam berdiler. Han olar bilen ýerinden turup görüşdi. Onuň daýaw göwresi, sypaýyçylykly hereketleri, howlukman sözleýşi myhmanlaryň sussuny basdy. Şeýle-de bolsa, pir basym özüni ele aldy. Görkezilen ýere geçip oturşy ýaly gepläp başlady.

惘 Keşen uruş sizge ýeňiş ýar bulgan. Kuttaýmyz! Yslamnyň ýaşyl tuguny korap ýakşy iş kylgan siz. Şehit bulgan bendelerniň jaýlary jennetden bulgaý. Berdimyrat hanyňkyda şon deý bulgaý.

Lälezarlygyň içinde gurlan çadyr ýaly gyzyl-ala ýüpek düşekçeleriň üstünde howalanyp oturan han ýadaw sesi bilen «gübür-gübür» etdi.

惘 Taňryýalkasyn.

Pir şehitleriň hatyrasyna doga okady. Soň ýene-de sözüni dowam etdirdi.

惘 Ýakşy kylasyz. Lekin hem şundaý kylaberiň. Käpirlerge kol bermäňler. Kelseler burunkydan-da beter uruňlar. Buýun sunmaňlar. Siziniň bu

kahrymançylyklaryňyzny biz Arabystana-da ýetiremiz. Muhammet aleýhyssalamyň kuburynyň başynda oturyp sizlerge Alladan küýç, kuwwat tilärmiz. Alla sizge kuwwat bergeý, inşalla. Kuwwada bergeý, rowaçlyk-da bergeý. Käpirniň ýüzi aňry bulgaý.

Şol sözleriň arasy bilen olar çäýnek-käselerini «şakyrdadyşyp» ileri-ileri omzaşdylar, hana has golaý bardylar. Öz çaýlaryndan hana-da içirdiler. Ýan torbalaryndan çykaryp däri-derman etdiler. Bu gezek hanyň sag-aman gutulmagyny diläp doga okadylar. Arasynda daş çykyp täret kylyp geldiler. Öýle namazlaryny okadylar. Üç bolup nahar iýdiler.

Oňa çenlem hanyň ýagdaýy ýaramazlaşyp başlady. Der basdy. Hernäçe syr bildirmejek bolsa-da bolmady. Ysgyndan gidip, başyny ýassyga goýdy. Gögerip ugran dodaklaryny tamşandyryp suw diledi. Sopy düwdenekläp gidip suw getirdi. Ýöne, pir hana suw içirmedi.

惘 Suw içse çişiredi, çaý ýakşy buladi – diýip, ýene-de öz çaýyndan guýup berdi. Han ymyzganyberendenem: 惘 Han tahatlyk tapgan. Uka kitgen. Biz muny bizok kylmaýmyz, turamyz – diýdi. Gysgarak töwür edibem ýerinden galdy. Sopusam onuň bilen deň gopdy.

Şol wagtam esli mahallardan bäri hanyň janpenasy bolup ýören, kyrk ýaşlaryndaky, ortadan uzynrak boýly, daýanyklyk dolmuşrakdygyna garamazdan diýseň çakgan gopýan, gyrçuw gara sakgally tegelek ýüzüne gelşip duran Öwez baý böküp içeri girdi. Hanyň burulyp ýatyşyny görendenem ýaňy bir köwüşlerini geýip gapydan çykmak üçin «hyk-çok» edişip duran myhmanlaryň öňüni kesdi.

惘 Duruň!

Myhmanlar «ziňde-ziňk» bolşup, Öwez baýyň ýüzüne çiňerilişdiler.

惘 Hä-ä?.. Nime bulgan?..

Öwez baýyň sesi hökümli çykdy.

惘 Geçiň ýeriňize! – Pir hasyr-husur köwşüni çykardy-da, hasanaklap ýerine geçdi. Sopusam ondan gaty bir yza glmady. – Butnaman oturyň! – Öwez baý baryp hanyň ýüzüne seretdi. Adyny tutdy. Çigninden tutup çalarak yralady. Handan hiç hili hereket, ses-üýn bolmansoň, gaňrylyp piriň ýüzüne seretdi. – Hana näme eden bolsaňyzam gönüňizden geliň! Ýogsam, ikiňizem diri sypmarsyňyz.

Öwez baýyň öwdaýynyň bozukdygyny görüp ýürekleri ýarylara gelen myhmanlar: «Estagpuralla, estagpuralla» diýşip, ýakalaryna tüýkürişdiler. Allanyň eminlerine, onda-da haç ýoluna barýan musulman bendelere müňkürlik edendigi üçin Öwez baýa öýke bildirdiler. Kine etdiler. Musulmançylykda gaýa-gopuz ýok

ýerden beýdip, myhmanyň üstüne dyzap durmaklygyň aýpdygyny aýdyp, Öwez baýy haýalçyratjak boldular.

Emma, Öwez baý olary diňlemegem islemedi. Baryp göni piriň ýakasyna ýapyşdy.

惘 Seň diýýän gowşak damaryň mende ýok. Bol, aýt näme eden bolsaň, bolmasa-da ine gitdiň!.. – Ol gylyjyna ýapyşdy. – Gowşut hanyň başyna ýetenem sen ýaly goýun derisine giren möjekleriň biridi. Mülhit sypatly içalydy... Bol! Geple-e!..

Pir durky bilen saňňyldap başlady. Bu gezek onuň dadyna sopusy ýetişdi.

惘 Biläsizmi, tertliniň termany ýolukganda, beden diýgen närse bogun-bogun söküládi. Bu hastanyň kutuladiginiň nyşany bolup turadi. Ol hoziriň uzunda kutulyb  kitädi. Aýak üstige kaladi... Lekin  siz-de küfür geplegänleriňiz uçun uýalyp oturasiz – diýdi. Ellerini titredip ýene-de hana em etdi. Dermanly çaýdan göz üçin özem içdi. Pirine-de içirdi. – Mana bakyňlar, hastaga bergen malhamymyzdan  özumyz-de içip oturmyz. Kördüňizlermi? Asyl, bizni ýuradip ýurgan  şu närsedi ku. Şu bulmagan-da biz Käbege-de, kyblaga-da aşyp bilmäýmiz...

Şondan soň Nurberdi han hakykatdan-da gowulaşan ýaly boldy. Deri gaýtdy. Kuwwatlandy. Başyny ýassykdan galdyrdy. Tirsegine daýanyp, myhmanlary bilen iki agyz gürrüň etdi. Sag-aman Mekgä barmaklaryny, zyýaratlarynyň kaul bolmagyny diledi.

惘 Pulmy, azykmy, ulagmy, bizden näme kömek gerek bolsa çekinmäň-de, aýdyberiň – diýdi.

Myhmanlaryň ikisi-iki ýerden

惘 Ýuk, ýyk!  Bizge hiç närse kereg imes! Oman-islän kutulib kitgäniňizni kördük, hoş buldik, bizge şol buladi. Inşalla Mekgeden kelganimizda-da kelämiz. Sizge abyzämzäm suwundan ketirämiz – diýişdiler. Handan rugsat soradylar.

Nurberdi han aýasy bilen kellesini sypalap oturşyna Öwez baýa görkezme berdi.

惘Myhmanlary ugradyň.

Öwez baý başyny ýaýkap hyrçyny dişledi. My hmanlar halymsyraşyp daş çykanlaryndanam yzyna öwrülip hana ýüzlendi.

惘 Han aga! Şular haja-da baranoklar, zyýaratçam däller. Asla, musurmanam däl. Ýaňy syn etdim welin, täret edenlerinde ikisem kybla garap oturdylar. Rugsat

ber, men şulary iň bolmanda ertire çenli saklaýyn. Gurbanmyrat işan bilen Kerimberdi işany gapdallarynda oturdyp sowatlaryny barlaýyn.

Nurberdi han kesgitli gürledi.

惘 Taňry myhmanyny ugradyň.

Öwez baý ýene-de hyrçyny dişledi. Ýene-de başyny ýaýkady. Dişini gysanda düwülgi ýumruklarynyň dyrnaklary aýasyny deşäýjek boldy. Dodaklary titir-titir etdi. Içine dolan gazabyň badyna burnunyň ganatlary ýellendi.

Şeýle-de bolsa, hanyň aýdanlaryndan çykyp bilmedi.

Myhmanlar gidenlerinden soň, bir sagat geçer-geçmez, hanyň ýagdaýy ýene-de ýaramazlaşdy. Öwez baý şol gün ir bilen daga, dermanlyk ot ýygnamaga giden Orazmämmet tebibiň yzyndan adam iberdi. Derhal tapyp getirdiler. Ol ilki Öwez baýy diňledi. Soň hanyň ýürek-damarlarynyň urşuny, gan basyşyny barlady. Gabaklaryny galdyryp, bäbeneginiň içine seretdi. Soňam ýüzüni aktam edip, bir gapdala sowdy. Ýerinden turdy. Daş çykdy. Öwez baýy ýanyna çagyrdy. Çete çekdi. Pyşyrdady.

惘 Awy berlipdir. Soňky berlen gaýtargysy ekeni. Onuňam güýji gaçyp başlapdyr. Zäher ýürege golaýlapdyr. Indi giç. – Tebibiň dodaklary zordan baryp geldi. – Han agany aldyrdyk. Il-gün agasyz, han-begler daýasyz, döwtet başsyz galdy...

Öwez baý atylyp at ýatagyna bardy. Atyny gyssanmaç eýerledi. Mündi. Myhmanlaryň yzyndan eňdi. Hanyň sözlerine bakman, ikisinem ur-tut tussag edäýmändigi üçin ökündi. Obadan çykansoň çar ýana çarp urdy. Gözledi. Depelere çykyp seretdi. Emma, «zyýaratçylardan» derek tapyp bilmedi. Edil zym uçan ýa ýer ýuwdan ýaly. Ahyram ol lapykeç halda dolanyp geldi.

Hanyň ýagdaýy welin gitdigiçe agyrlaşdy. Birsyhly yňrandy. «Öwhüldäp eýlesine, beýlesine agdarylanda gollary «pat-pat» edip, gapdalyna düşdi. Aýaklaryny göterip aşak goýberende ýer sarsdy. Birdenem başyny galdyrdy-da, gözlerini agdar- düňder edip gapa seretdi. Daş çykarmaklaryny haýyş etdi. Orazmämmet tebip bilen Öwez baýyň hersi bir goltugyndan girdi. Ylgaşlaşyp gelen hyzmatkärlerem goltgy berdiler. Agyr göwräni süýrekläp diýen ýaly, zordan daş işige eltdiler. Ýüzüne ýagty-ýalançynyň sergin howasy çalan han süzülip duran öçügsi gözlerini duşmanyň geljek tarapyna dikdi.

惘 E-eý, bigaýrat ors! Imansyz käpir! Beýle gaýratly bolýn bolsaň bar, git-de, Emrikäň üstüne çoz! Zulmat ýurtlaryna süýken! Iňlisiň üstüne sürün! Pereň bilen bil tutuş! Juda ýagysyz kösenýän bolsaň bar, Eýran bilen ýakalaş! Topuň-tophanaň barada-ha aýdybam oturmaýyn welin, iň bolmanda elimizde seňki ýaly

atgyr tüpeňlerimiz bir bolsady! Şol bolşuň bilenem elinde ýalaňaç gyylyçdan başga ýaragy ýok adamlaryň üstüne gelýäň-ä, aý, bigaýrat. Aý, nama-art!

Şeý diýdi-de, han «şalkyldap» arkan gaýtdy. Agyr göwre lagşady. Düşegine eltýänçälerem jan berdi. Reňki agardy. Teni sowady. Gözleri açyk galdy. Ony Orazmämmet tebip aýalary bilen sypalap ýumdurdy.

Köp-köp muşakgatlary gören, köp-köp ýagylary gaýtaryp, ähli türkmen taýpalaryny bir ýere jemlemek üçin ömü rboňy göreşip gezen hanlar hany Nurberdi han şeýdip, türkmen halky üçin iň bir aýgytly hem gerekli pursatda, «uly toýa» üç aý galanda, altmyş ýaşynyň içinde, duşmanyň jansyzlarynyň elinden dünýeden ötdi.

Ýagynyň guşy uçdy. Maksadyna ýetdi. Iki ýylyň içinde iki läheňiň ikisindenem dyndy. Mary, Ahal, ikisem başsyz galdy. Egerde, «Baş bolmasa, göwre läş» diýleni çyn bolsa, onda, duşmana indi diňe işigiň agzynda ýatan jansyz maslyklaryň üstünden ätläge-de, töre geçäýmek galypdy.

Ors hökümeti özüniň «iş bitiren», «hyzmat görkezen» jansyzlaryny sylaglady, derejeler berdi. Soň ýene-de bakyp-besläp, täze-täze tabşyryklar bilen dürli taraplara ugratdy.

Howwa, Gowşut handyr, Nurberdi han ýaly uly hanlar babatda ors hökümedem, ors serkerdelerem iňňän dogry hasap ýöretdiler. Ýöne, bir zatda welin ýalňyşdylar. Ýagny, hanlaryny aldyranlary bilenem türkmen halkynyň asyrlarboýy beýnisinde berç bolan belent ruhy-taryhy hakydasy entek aňynda ýaşap ýöredi. kim han bolanda-da, olaryň watançylyk duýgularyny oýarýan, ar-namyslaryny joşduryan, gaýratlaryny artdyrýan esasy güýç ana, şolar. Ol ikisini bolsa öldüribem, ýok edibem bolanok.

Ors hökümediniň ýaragly güýçeri, indi ine, şu iki mukaddes hem gaýduwsyz güýç bilen çaknyşmaly bolar.

Nurberdi hanyň aşynyň – suwunyň sowularyna mähetdel, han saýlamak meselesi boýunça, ahalteke hanlary gyssagly suratda maslahata ýygnandylar. Ony Ahalyň baş serdary, hemişe Nurberdi hanyň sag goly bolup gezen Öwezmyrat – Dykma serdar alyp bardy.

Nurberdi hanyň ýoklugy turuwbaşdan bildirdi. Hanlyk üstünde dawa başlandy.

Şeýle ýagdaý mundan on-onbäş ýyl ozal, Nurberdi hanyň hanlyk edip ýören döwründe-de bir döräpdi. Ony Nurberdi hanyň garşydaşlary gurnapdylar. Ony hanlykdan aýyrmak isläpdiler. Her kimem öz tiresinden birini han goýjakdandy. Şonda:

惘 Haýsy tireden han saýlasak, ol öz tiresine tarap ýan basaýýa. Bir mesele ýüze çykdygy özüniňkiniň tarapyny tutaýýa. Bu hemişe-de şeýle bolupdy, mundan buýana-da şeýle bolar. Şonuň üçinem, ähli tirelere ortaltk bolar ýaly asly teke bolmadyk, asla türkmen hem bolmadyk, aralyk birini saýlalyň – diýip, köpden bäri Hywanyň Ahaldaky dikmesi hökmünde gezip ýören, özbekmi, tatarmy ýa täjikmi, kimdigem belli bolmadyk, altmyş bäş ýaşlaryndaky Musa Mütewwelini hanlyga teklip edenlerem bolupdy.

Hern-ä muňa ilden öňürti Musa Mütewweliniň özi garşy çykypdy. Edilen teklipden kes-kelläm boýun gaçyrypdy we ol meseläni maslahatyň gün tertibinden aýyrdypdy. Şeýlelik bilen Nurberdi han ýene-de öz ornunda galypdy.

Bu gezegem şolar ýaly oňaýsyz ýagdaý döräýerli göründi. Her niçik hem bolsa Kerimberdi işanyň tagallasy bilen, Nurberdi hanyň hatyrasyna, onuň ýigrimi bir ýaşyndaky ogly Magtymgulyny wagtlaýynça diýip, atasynyň ornuna hanlyga saýladylar.

惘 Dogry şol. Häzirlikçe şeýdeliň, galanynam enşalla, ýagyny gaýtaranymyzdan soň görübiris. Bu wagt bular ýaly agzalaçylyga alyp barýan meselelere wagt sarp etmäliň – diýdiler.

Şeýle hem, «geçirip goýbermek» baradaky mesele bilen ýene-de bir gezek orslara täwellaçy ibermekligi karar etdiler.

Emma, ilçiler bu gezegem öňküleri ýaly, ýüzlerini sallaşyp gaýdyp geldiler.

Diýmek, Skobelew geçip gitmek islemeýär. Ýurt isleýär. Onda-da ony urşup almak isleýär. Uruşsyz ýeňiş oňa gerek däl. Oňa mugt däl-de, gan bilen gazanylan şöhrat gerek. Bular ýaly gana suwsan generalyň garşysyna göreşer ýaly hakykatdan-da Nurberdi han, Gowşut han ýaly güýçli, tejribeli han gerekdi.

Magtymguly han bolsa özüni ol derejede alyp barar ýaly içinden ýalyn geçen hanlardan däldigini, hanlyga saýlanan ilkinji günlerinden başlap bildirdi. Bu tebigy zat. Ol şo çaka çenli hat-sowat öwrenmekden başga hiç-hili harby ýa söweş tälimlerini alan adam däl. Gowy ýigit, adamkärçiligi ondanam gowy, ýöne, han däl. Belki, parahatçylykly döwürlerde öz borjuny he rkimçe ýerine ýetirip bilerem, ýöne, häzir däl.

Orslaryň Gökdepä barha golaýlaşyp gelmekleri, söweş hereketleriniň işjeňleşmegi bilen, Magtymguly hanyň halk içindäki, esasanam ekabyrlaryň

öňündäki täsiri, büs-bütin gowşady. Hanyň orny boş göründi. Şeýle «jygba-jybgaly» pursatlarda ýüze çykýan derwaýys meseleleri çalt hem dogry çözüp bilmedi. Bir söz aýtjagam bolsa, ýaýdandy durdy. Atasy bilen işleşen ýaşuly adamlardan sussy basyldy.köpçülik aljyraňňylyga düşdi. Muny Magtymguly hanyň özem duýdy we akylly- başly adam hökmünde, özüni bu jogapkärçilikli wezipeden boşatmaklaryny ekabyrlardan haýyş etdi.

Ýene-de maslahata ýygnandylar. Ýene-de ýüpüň ujuny her kim öz tarapyna çekdi. Netijede ýene-de belli bir karara gelibilmediler we birwagtkylary ýaly ýene-de dört hanlyga bölündiler.

Wekillere–Magtymguly han, syçmazlara–Mämmetguly han, bagşydaşaýaga – Hezretguly han, beglere bolsa Orazmämmet han hanlyga bellenildi.

Şolaryň her biri öz tiresiniň doly erkli, ygtybarly hany. Magtymguly handa ahaltekeleriniň umumy hany diýen atdan başga hiç hili hukuk ýok. Umumy han ýok. Şonuň bilen birlikde Nurberdi hanyň Gowşut han bilen bilelikde döreden Ahal-Mary hanlygam ýok. Şeýle agyr hem çylşyrymly pursatda, apy ýylanyň agzyny açyp, gün-günden golaýlap gelýän döwründe, uly hanlyk dargady. Iň ýamanam halk serimsal boldy. Il arasyna köpçüligiň ruhuna zeper ýetiriji her hili gürrüňler ýaýrady. Birdenem olaryň ählisiniň gözüniň öäünde Ruhy batyryň syrdam göwresi peýda boldy. Gulaklarynda bolsa Hakyda mollanyň, Enahakydanyň ruhlaryny göteriji rowaýatlary, teşwüşleri ýaňlandy. Boşap barýan göwrelerine güýç, bedenlerine kuwwat geldi. Galanyň içinde üýşüp-çaşyp, ýaňy bir aýaga galyp barýan hanlygy syndyran han-begleriň hemmesindenem olaryň gözüne sany azam bolsa, giň meýdanda duşmana gurt oýnuny görkezip ýören Ruhy batyryň keşbi belent göründi. Hakyda mollanyň, Enehakydanyň aýdyp berýän taryhlary ýurdy hansyz goýan, ozalam nä günlik bilen döredilen bir hanlygy dörde bölen hanlaryň şol, birmeňzeş öwüt-ündewlerinden, berýän boş wadalaryndan kän-kän täsirli göründi. Mahlasy, ar-namysyny baýdak edinen halk indi diňe öz taryhy hakydasy bilen belent ruhuna bil baglady.

Şolar ýaly aljyraňňylykly günleri başyndan geçirip ýören halkyň biri bolan Tilkiçi şahyryň ýadyna ýene-de, geçen urşrň öň ýany gören düýşi düşdi. Bir göwn-ä: «henizem bir pille, bar-da, han-beglere aýt, diýip, böwrüne dürdip durdy, bir göwnem öňküsi ýaly aýtma» – diýdi. Ogulaý-a asylam aýdaýma, diýýän terzde ir ertir, giç agşam ojagyň aňyrsyndan naýynjar bakyp otyr.

Özüne nijembir wagt bäri ynjalyk bermän ýören şol oý-pikirler bu gün ony Orazmämmet hanyň gaşyna getirdi. Ýöne, barybir ol öz düýşi barada oňa dil ýaryp bilmedi. Salam-helikden soň asylam näme diýjegini bilmän ýaýdandy durdy. Orazmämmet hanam ondan näme üçin gelendigini soramady. Soramazam. Sebäbi, türkmençilikde öýüňe gelen adamdan nämä geldiň, diýip soramaklyk, ony göni, daş işikden yzyna kowanyň bilen deň. Bu wagt-a islendik adam başga bir adamyň ýanyna islendik wagty, barybam bilýär, islendik zat barada soraşybam, pikir alyşybam bilýar. Sebäbi, häzir ýagdaý şeýle. Hemmäniň derdem bir, edýän pikirem, işem bir. Ýagny, galanyň bejergisi, urşa görülýän taýýarlyk, göç-gon. Çünnki, birinji uruşdan soň obalaryna göçen adamlar ýene-de gala gaýdyp gelýärler. Dogry, öňki gezek bolşy ýaly bu gezegem halkyň gala gabalmagyna garşy adamlar tapyldy. Tilkiçi şahyram şolaryň biri. Ýöne, ol köpçüligiň gelen kararyna boýun egýär. Onsoňam ol bu wagt Orazmämmet hanyň ýanyna o mesele bilen gelenok.

Onuň durup-durup bar diýeni şu boldy.

惘 Atdaş, näderkä?..

惘 Näderkäk diýýäňmi?

惘 Ýok, näderkäk, diýemok, näderkä diýýän.

惘 Näme näderkä?

惘 Aý... ine... şü... bolup ýören zatlar... Soňy nähili borka, diýjek bolýan...

Orazmämmet han nar ýaly gyzyl hem ýaş gyzyňky ýaly ter ýaňaklaryny sypalap çalaja ýylgyrdy.

惘 Nämeden soradyň ony şahyr? Aljyrajak bolýaňmy?

惘 Aý, ýok, aljyrajag-a bolamok welin... Ýöne... ine... Özüň bilýäň-ä... Bu ýagdaýda... dagynyk halda...

Orazmämmet han çynlakaý sypata girdi.

惘 Hm-m... görýän welin, şu, böltekçilik seniňem başyňy gowga salypdyr öýdýän... Howwa-da, iliň aladasyny edýän adam şeýle bolmalam-da...

惘 Alada edenim bilen elimden gelýän zat ýogam welin...şonda-da... Ahyram içinde gezip ýören adamdyr, şundan bir soraýyn, diýdim-de, seň ýanyňa gaýdyberdim...

Orazmämmet han çagalyk dostunyň ýüzüne içgin seretdi-de, endigine görä her sözüni däne-däne edip, siňňitli gepledi. Her sözünde-de başyndaky silkme gara

telpeginiň buýralary zire-zire bolup seçelendi durdy. Egnindäki gök donunyň reňki ýaňagynyň narynç reňki bilen garyşyp, ýüzüne mawumtyl röwüş çaýdy.

惘 Ir zamanlarda, bir sümme tokaýlygyň içinde iki sany ýylan ýaşaýar ekeni, şahyr. Olaryň biriniň bir kellesi, kyrk guýrugy, beýlekisiniň bolsa kyrk kellesi bir guýrugy bar ekeni. Ine, onsoň günlerde bir gün tokaýa ot düşüpdir. Ondanam ýangyn döräpdir. Tokaý jandarlarynyň hersi bir ýana gaçypdyr . Baş-başa, jan-jana bolupdyr. Bir kelleli aždarha-da hasyr-husur hinine giripdir. Kellesiniň giren ýerine guýruklaram giripdir. Kyrk kelleli ýylanyň welin, her kellesi bir tarapa dyzapdyr. Şeýdibem, hinine giribilmän, ýanyp ölüpdir. – Orazmämmet han ýene-de başkysy ýaly mylaýym ýylgyrdy. – Ýene soragyň bamy, şahyr?

惘 Aý, ýok, sorag ýok. Bolubildi. Kemi galmady.

Diňe şondan soň özüniň ol bu ýere näme üçin gelendigine düşündi.»Munuň bu tymsaly meniň düýşüm bilen manydaş gelýä welin, ýa menem aýdaýsamykam? Maslahatlaşaýsammykam... – diýip, içini gepletdi. – Akylly adamdyr, belki: Tilkiçi şahyr şeýle düýş görüpdir, munyň soňy puç diýýä, şonuň üçinem, uruşly meseläni goýbolsun edäýsek nädýä, diýip ulularyň maslahatyna teklip girizer?» Ýene-de göz öňünde Ogulaýyň gaýmalap gitmegi bilen, ol bir ýyl bäri näçenji gezekdir, şol niýetini äşgär etmekligi goýbolsun etdi. Ýuwutdy.

Şeýdibem ýerinden turdy. Gitjek wagty uludan demini aldy-da:

惘Oglanlyg-a on gün ekeni-ow, atdaş diýdi. – Ne gözel çaglarmyz gör, nirelerde galypdyr...

Orazmämmet han onuň egnine elini goýdy.

惘 Sen şahyr adam, dost. Şular ýaly kyn günlerde-de, şular ýaly ýürege ýakyn şahyrana sözleri aýdyp bilýaň. Biziň bolsa... ýüreklerimiz letdä dönüpdir.

Şondan başga gep-gürrüň bolmady. Aýdara söz tapylmady.

Hoşladylar. Tilkiçi şahyr ýolboýy Orazmämmet hanyň aýdyp beren tymsaly barada oýlandy. Tymsal örän ýerliklidi we uly urşuň öňisyrasynda han-begleriň ýerliksiz ýere, agyzlaryny birikdiribilmän, hanlygy dargadyşlaryna, türkmen taýpalarynyň ykbalyna diýseň meňzeşdi.

Howwa, Orazmämmet han Orazmämmet hojanyň, ýagny, Tilkiçi şahyryň çagalyk dostudy. Bu ikisini şol wagtlaram halkyň ykbalyna degişli uly meseleler gyzyklandyrýardy. Şol pikir – duýgular hem ikisini dostlaşdyrýardy. Pikirleriniň köplenç deň gelmegi dostluklaryny hasam çuňlaşdyrýardy.

Bu gezegem şeýle boldy. Hoşlaşyp gaýdandygyna garamazdan tä, öýüne ýetýänçä Tilkiçi şahyryň ýene-de yzyna dönesi, dosty bilen bir zatlar barada maslahatlaşasy geldi durdy.

## 8. Gabaw.

...Howwa, tekeler kömek sorap köp ýerlere habar ýolladylar. Emma, garaşylyşy ýaly diňe Marydan kanagatlanarly jogap geldi.

Garşy durmaklygyň ykbaly tekeleriň diňe öz gara güýçlerine bagly bolup galdy.

Harby taýdan üpjünçiligi orta asyrlaryňkyça-da bolmadyk, sada hem dagynyk halkyň üstüne  çalt hem-de uzaga atýan tüpeňlerini, raketalaryny, tyl tarapdan üznüksiz üpjün edilýän oklaryny, put-put därilerini hasap etmäniňde-de, 76 sany paýhynlaýjy topy bolan güýçli goşun 1880-nji ýylyň dekabr aýynyň başlarynda, telim aý bäri taýýarlyk görüp ýatan bukusyndan çykyp, daglaryň ýüzünden inýän nägehan il kimin Gökdepä tarap «şaglap» gaýtdy.

Bu – ýüz sany tüpeňli adam bilen bir sany tüpeňsiz adamyň başabaş söweşe çykyşyna meäzedi.

Ahal ilatynyň ählisiniň bir galanyň içine ýygnanmaklary Skobelewiň ýetip bilmeýän arzuwlarynyň biri. Iň islemeýän zady bolsa, tekeleriň galadan uruşsyz çykyp gitmekleri ýa-da söweşsiz boýun egmekleri. Şonuň üçinem, olaryň galadan çykyp gitjekdikleri baradaky myş-myşlary» ol uly howsala bilen garşylaýar. Ýöne, bardy-geldi gala göreşsiz boýun egäýendede, onuň ilatyny barybir gyrjakdygyny, galany ýumurjakdygyny hiç kimden gizläbem duranok. Çünki, bu hakda ol entek Petrburgdaka arzuw edipdi. Özüniň  bu aýylganç niýetini ol häzirem otrýadyň baş hekimi Geýfelder bilen häli-şindi geçirýän gürrüňçiliklerinde açykdan-açyk aýdyp ýör.

Şolar ýaly gürrüňçilikleriň birinde ol hekime şeýle diýdi:

惘 Uruşam edil duel ýaly gutulgysyz bir zatdyr, doktor. Ol bize öz şahsy bähbitleriniň, islegleriniň ugruna gidip, watanyň bähbitlerini ýadyndan çykarýan ýalta hem biweç  raýatlarymyzy gaflat ukusyndan oýarmak üçin, rus halkyny has uly ýeňişlere belent maksatlara galkyndyrmak üçin  gerek.  Biz hiç haçan uruşsyz oňup bilmeris.

Howwa, Skobelew öz durmuşyny uruşsyz göz öňüne getiribem bilenok. Hywada, Kokantda, Ferganada, Bolgariýanyň çäklerinde bolup geçen ors-türk

urşunda gazanan şöhratam entek ony doly derejede kanagatlandyranok. Ol urşa edil, küşt oýny ýaly bir zat hökmünde garaýar.

惘 Henize çenli hiç kime boýun egmedik erkin teke seniň hele-müçük ýeňşiňi – ýeňiş hasap etmez. Olar diňe doly derbi-dagyn edilenlerinden soň, ruhlary öldürilip, hakydalary biziň soldatlarymyzyň dolaklary bilen aňlaryndan süpürilip aýrylandan soň gutarnykly boýun bolarlar. Men olary hut, şeýle güne salaryn. Müdimilik mugyra getirerin. Ýene müň ýyldanam meni ýatlaryndan çykarmazlary ýaly, ýüreklerinde dag goýaryn. Tagma basaryn. Içlerine dogmaz oglan salaryn. Ýeke bir şu günki nesilleri däl, eýsem indiki önüp-ösjeklerininiňem ors ýaragyndan eýmenerleri ýaly, türkmen aýallarynyň ýene ýüz ýyldanam öz aglak çagalaryny: goý  sesiňi, ýogsam atly kazak geler, diýip gorkuzarlary ýaly derejede aňlaryna zeper ýetirerin, ruhlaryny öldürerin. Hakydalaryny taryhyň sahypasyndan öçürerin...– diýip, gaýtalamany hasam gowy görýär. Öňde duran ganly çaknyşygyň basym başlanaryna garaşýar. Howlugýar. Hyruç edýär. Şol wakadan soň özüniň harby şöhratynyň artjakdygyna öňünden begenýär. Buýsanýar. Gökdepeli meseläni eýýäm çözdüm hasap edip,  indiki etjek işleri, ätjek ädimleri barada oýlanýar. Hyýalynda iňlislerden Hyrady, Kabuly alýar, ondan soň ak atyny säpjedip Hindistanyň bir çetinden girýär. Ors ýaragynyň şöhratyny dünýä meşhur edýär. Käte bolsa ýaňadandan yzyna, Ýewropa dolanyp barýar. Goňşy döwletleriň harby işlerine goşulyşmak bilen, Onuň aly hezretleri Beýik Imperatoryň has uly hem tutumly harby tabşyryklaryny ýerine ýetirýär. Orsyýediň çäklerini giňeldýär, dostlaryny köpeldýär.

Şolar ýaly oý-pikirlerini ol bir gün goşunyň içinde ýören meşhur ors suratkeşi Wereşagine şeýleräk beýan etdi.

惘 Meni knýaz Battenberg Bolgariýa  harby ministrlik wezipesine çagyrýar. Ol aňry gitse iki ýyldan türkler bilen urşa başlamaklygy wada berýär. Öz sözüne görä, ol urşa Orsyýedem çekjekmişin. Diýmek, ýene-de uruş  boljak.

Howwa, generalyň gözlegi uruş. Ol gan küýseýär. Gandan öşhrat gözleýär. Adam maslyklary, ýumrulan galalar onuň üçin wezipä barýan ýol. Ol şol zatlarsyz oňup bilenok. Hut şonuň üçin Gökdepe galasynyňam, onuň halkynyňam ykbaly uruşdan kän öň çözüldi. Gala barybir ýumrulmalydy. Halk gyrylmalydy. Garşylyk görkezse-de gyrylmalydy, görkezmese-de gyrylmalydy. Şol bir keç ykbal olaryň başyndan haýsy ýoly saýlap alanlarynda-da inäýmelidi. Bir adamyň harby şöhratynyň hatyrasyna tutuş il  jansyz jesede öwrüläýmelidi. Ýurdunda ýumurtga togalanaýmalydy.

Ahal ilaty welin, bu urşuň soňunyň näme bilen gutarjakdygyna entek doly akyl ýetirip bilenok. Akly ýetýänleriňkä bolsa gulak asýan ýok. Öňki ýeňişden

ruhlanan ýaş batyrlaryň dagy ýaraşyk barada asla pikirem edesleri gelenok. Bu barada dil ýarýanlary diňlemegem islemeýärdiler. Gepleşik üçin häli-şindi ilçi iberip durandyklary üçin ekabyrlara-da nägilelik bildirýärdiler. Özleriniň bu gezegem ýeňjekdiklerini aýdyşyp heşelle kakyşýardylar.

Urşuň näme bilen gutarjakdygyny diňe Tilkiçi şahyr bilýär, ýöne ol ony aýdyp bilenok. Çünki onuňky düýş bilen bagly. Düýş bolsa hakykata laýyk gelmeýär. Oýalykdaky işleriňi düýşe baglap amala aşyryp bolmaýar. Şonuň üçinem ol dymýar. Dymmaly bolýar. Hernäçe içine sygmasa-da, çekip-çydap gezmeli bolýar. Käteler iň bolmanda içini dökmek üçin çete çykaga-da, rowaýatdaky ýaly agzyny gurruk guýynyň agzyna tutup aýdaýasam gelýär, ýöne, onam ot-çöpleriň gögerçinleriň eşidip ile ýaýradaýmakdan gorkup goýbolsun edýär.

Halkyň bolsa göwni bir ýaly urşa görülýän taýýarlyk bilen garabaşynagaý bolup ýör. Sebäbi, oňa «uruşmaly» diýildi. Kim ýene-de öňki ýaly tüm gazyp ýör, kim öňki ýumrulan tümüni täzeläp ýör. Her kim güýjüniň ýetdigine görä ýaraglanyp ýör. Ýaragsyzlar bolsa ýene-de syrygyň ujuna gyrkylyk daňýarlar, pyçaklaryny çalýarlar, gylyçlaryny gaýraýarlar. Abdylla ussa bilen Ahally bolsa, ýene-de mis topuň ýanynda öňki orunlaryny eýelediler.

«Barybir özümize ýal bolar degme ýygnasynlar», diýip oýlandylar-da, her niçik hem bolsa, ekinler ýygnalýança duşman garaşyk etdi.

1880-nji ýylyň dekabr aýynyň başlaryna, goşun Gökdepäniň golaýyndaky Ýegenbatyr galasyna dykylyp geldi.

11-nji dekabra geçilýän gije Marydan iki müň atly goşun kömege geldi. Muňa göwünleri joşan ahally ýigitleriň birnäçesi ur-tut Ýegenbatyr galasyna tarap at goýdular we ses ýetim ýerde at bökdürip duruşlaryna:

惘 E-eý, jany başgalar! Hoş habar bar, eşidesiňiz gelýämi? Onda diňläň: Marydan kömek geldi. Biline urlan mar ýaly buruljyrap ýatmaň-da, geliberiň , biz taýýar! .. – diýip, duşman sary haýkyryşdylar.

Hüjüme başlananda tekeleriň guma tarap uruşsyz gaçaýmaklaryndan heder edip ýören Skobelew general Petrusewiçi bir bölek otrýad bilen, şol ugurda ýerleşen Juma gala iberdi.

Emma, Skobelew hüjüme başlamazyndan öň, ýagny, 23-nji dekabrda tekeleriň özleri Juma gala zabt etdiler. Söweş örän gazaply boldy. Oňa öz ýigitleri bilen Ruhy batyram gatnaşdy. Olar söweş pursatynda «gykuwlaşyp» duşmanyň garaşman duran ýerinden çykdylar we agyr zarbalar urdular. Bu türkmenleriň özleri üçinem garaşylmadyk ýagdaý boldy. Güýçlerine-güýç goşulmagy olary

hasam hyjuwlandyrdy. Netijede duşman ýeňse berdi. Olaryň gaçmagy bilen Ruhy batyram, onuň ýigitlerem gelişleri ýaly zym-zyýat boldular. Birdenem gözýetimde akja kepderi peýda boldy. Derrewem dik göterildi-de, gök asmanyň ýüzünde gaýdyrylyp, oýun etmäge başlady. Kem-kemdenem daşlaşdy. Gözden ýitdi.

Şol söweşde Juma galadaky otrýada ýolbaşçylyk edip ýören general Petrusewiçiň özem öldürildi.

Ýolbaşçysyz galan duşman otrýady sallam-sajak bolup öz lagerine tarap ugrady.

Gele-gelmäne bir generalyny ýitiren Skobelewiň gazaby öňküdenem beter artdy. Ol goşuny derhal Gökdepe galasynyň edil alkymyna eltdi we haýal etmän galany topa tutup başlady. Atylýan snarýadlaryň ýekejesem sowa geçmedi. Hemmesi galanyň içinde ýaryldy.

Edil birinji uruşdaky ýaly bu gezegem ol ýerde ber-başagaýlyk, aljyraňňylyk, şol bir gorkunç hereketler, aýylganç wakalar başlandy.

Galany goraýjylar duşmana hiç-hili garşylyk görkezip bilmeýärdiler. Diňe Ruhy batyr ozalkylary ýaly özüniň sanlyja atlylary bilen duşmanyň garaşman duran ýerlerinden gelýärdi we olary birnäçe ýitgilere sezewar edip, ýene-de gürüm-jürüm bolýardy. Ýigitleriniň sanynyň juda az bolmagy duşman bilen uzak dikleşmäge oňa mümkinçilik bermeýärdi. Galanyň içindäki müňlerçe goraýjylar welin düýbünden hereketsiz durdylar. Barysy birigip Ruhy batyrça iş bitirip bilmeýärdiler.

Ine, hut şunuň özi hem Ruhy batyryň saýlap alan ugrunyň dogrudygyny, ekabyrlaryň saýlap alan uruş tärleriniň bütinleý ýalňyşdygyny, galanyň içine ýygnanmaklygyň hakykatdan-da duşmana kömek etmekden başga hiç züat däldigini görnetin subut etdi. Muňa soňabaka gala girmekligiň esasy tarapdarlarynyň biri bolan Gurbanmyrat işanyň özem göz ýetirdi. Ýöne indi giç. Gala daşyndan gabalgy. Goluňy göterip çykaýmakdan başga alaç ýok. Ýöne, duşmana o-da gerek däl. Skobelew indi diňe üç zatdan heder edýär: Hakyda mollanyň hakydasyndan, Ruhy batyryň akja kepderisinden hemem Garasähet jarçynyň sesinden.

Oňa entek Ýegenbatyr galadan çykyp Gökdepä ugramazynyň öň ýany habar bermeklerine görä, Hakyda molla birsyhly hakyda aýdyp berip halkyň ruhuny göterýärmişin. Göreşe galkyndyrýarmyşyn. Halk ondan güýç, kuwwat alýarmyşyn.

Ruhy batyryň bir gije hut öz çadyryna hüjüm etmäge het edendigini-hä ol hiç, aklyna sygdyryp bilenok. Soldatlar wagtynda ýetişmedik bolsadylar, onda ol çozuşyň näme bilen gutarjakdygyny Hudaýdan başga bilýän ýok.

Göz açyp-ýumasy salymyň içinde, daş işikde duran janpenalary öldürilen Skobelew şonda çadyryň içinde Ruhy batyr bilen ýübe-ýüz galdy. Megerem diri tutup äkitmekligi ýüregine düwen bolsa gerek, ýogsam, Ruhy batyr şonda ýaragsyz duran generaly ýüzüniň ugruna gylyçdan geçirip bilýärdi. Oňa çenlem çadyryň içine alty sany soldat döküldi. Olar bilen bilelikde diýen ýaly Ruhy batyryň nökerlerindenem üç sanysy gylyçlaryny dalawladyşyp geldiler we soldatlaryň altysynam ýüzleriniň ugruna gylyçdan geçirdiler. Skobelew stoluň üstünde duran ýaragyna topuldy. Emma ýigitler ony ýaragyna ýetirmän sakladylar. Gollaryndan ýapyşdylar. Ýöne, çar tarapdan çadyryň etegini galdyryşyp, onlarça soldat sümüldi. Ruhy batyryň özem, ýigitlerem zordan gaçyp gutuldylar. Gijäniň garaňkylygyna duwlanyp, lagerden arany açdylar.

Bu waka şeýle bir täsin boldy welin soldatlaram, Skobelewiň özem pikir ede-ede aňyrsyna ýetip bilmedi. Köpler Ruhy batyr öz ýigitleri bilen soldat eşiginde gelendirler, diýen çaklamany orta atdylar, ýöne, çadyra girenlerinde olaryň öz eşiklerindediklerini soldalaram, Skobelewiň özem gördi ahyry.

Umuman, täsin zat täsin bolýar. Gahrymanlaryň gahrymançylykly hereketleri bolsa hemişe-de syrly bolýar we syrlygyna hem galýar, şeýdibem hiç haçanam, her hili ýagdaýda-da hiç hili gorkuly zadyň, bitirip bolmajak işiň bolmaýandygyny ol zatlar üçin hemişe-de diňe batyrgaýlygyň ýetmezçilik edýändigini, ýürek edip topulsaň başartmajak işiň ýokdugyny subut edýär.

Her niçik hem bolsa, şondan soň Skobelew gijelerine arkaýyn ýatyp bilmedi. Garasähet jarçynyň jaýryk-jaýryk, içiňden geçip barýan eýmendiriji sesem üstesine. Ol gijäniň bir wagtlaram diwaryň ýa Diňlidepäniň üstüne çykýar-da, bir zatlar diýip, gygyryberýär. Şonda general ýüregi ýarylan ýaly zöwe ýerinden galýar, başujynda duran ýaragyna topulýar, dik durup daş-töweregine garanjaklaýar diňe öz lageriniň imisalalykdygyna göz ýetireninden soň ynjalýar we ýerine geçip ýatýar.

Goşun başlygyny bar zatdan beter eýmendirýän närseler ana şolar. Ine, hut şonuň üçinem, ol ozaldanam hassa ýatan Hakyda mollanyň öýüniň ortarasynda otyrka top okundan heläk bolmagyny, Garasähet jarçynyň bolsa Diňlidepäniň üstünde gygyryp durka çoýun gyýçaklaryň biriniň baryp bokurdagyny kesmegini Hudaýdan dileýär. Ruhy batyr barada aýdylanda bolsa, ony hut öz eli bilen, görene göz edip jezalandyrmak isleýär. Käte bolsa oturyp pikir edýär-de: «Ýok, men ony öldürmäýin. Ýesir alaýyn. Lagerde saklaýyn. Goý, ol öz halkynyň meniň öňümde dyza çöküşini, galasynyň ýumrulşyny, aýal-ebtatlaryň, çagalaryň, gyz-gelinleriň yzanda-çuwan boluşlaryny gözi bilen görsün, ahy-nalalaryny gulagy bilen eşitsin» diýen netijä gelýär.

Hudaý generalyň dilegini eşitdimi ýa gojanyň öz sanalgysy doldumy, garaz galanyň gabawda duran günlerinde Hakyda molla hakykatdanam öz öýüniň ortarasynda, açyk tüýnükden asmana göz dikip, top sesine diň salyp ýatyrka, öz ajalyna jan teslim etdi.

Soňky günlerde ol has haýallapdy. Şol gün-ä hasam egbarlady. Şonuň üçin Enehakyda hiç ýana gitmedi. Atasynyň başujyny aldy oturdy. Yzly-yzyna Allany çagyrdy. Baryndan em-ýom eden boldy. Emma indi goja hiç zat täsir edenok. Üstesine daşardaky galagoply seslerem howuny basdymy, nämemi, goja gyssanyp başlady. Enehakyda «zöwwe» ýerinden galdy-da, näme üçindigini özem bilmezden ur-tut daşaryk ylgady. Öýünde ýokdugyna gözi ýetip duranam bolsa, baryp Baýramgül tebibiň gapysyny açdy. Kürsäp içerik girdi. Soňam: «Şu wagt tebip adam öýde oturarmy diýsene», diýip maňlaýyna urdy-da, dazlap, daş çykdy. Näme üçindigini özem bilmezden, adamy iň köp üýşýän ýeri bolan Diňlidepä tarap ylgady. Gaty bir uzak gitmänem saklandy. Yzyna öwrüldi. Ylgap baryp gapyny açdy. Atasynyň üstüne howala boldy. Ulyili bilen gygyrdy.

惘 Ata-a-a!..

Goja bir zat bolanyny hemmeden öňürti samanhanayň gapysyndan gözüni jüýjerdip daşardaky «heýýalessalany» synlap duran Iwaşow aňdy. Çünki, Enehakyda hiç haçan atasynyň adyny beýdip, çirkin gygyryp tutmaýardy. Asla ol hiç haçanam beýle gorkunç gygyrmaýardy. Diýmek, goja bir zat bolupdyr. Iwaşowyň ýakyn dosty, hossary, hojaýyny hem mugallymy Hakyda mlla gaýdyş edipdir.

Iwaşow bir bökende samanhanadan çykdy-da, gara öýüň gapysynda häzir boldy. Işigi serpip açdy. Girdi. Görse goja demsiz-düýtsiz, çiň-arkan düşüp ýatyr. Enehakyda öýüň içinde iki-baka urnup aglap ýör.

Iwaşow baryp gojanyň entek sowabam ýetişmedik jesediniň gapdalyna çökdi. Şol aralykda bir ýerlerden sykylyklap gelen bir bölek çoýun öýüň bir böwründen girdi-de, Iwaşowyň ýagyrnysyny ýalap o böwürden çykyp gitdi. Ýöne, ullakan zeper ýetirip bilmedi. Çalarak sypjyrtdy, çalaragam ganjartdy.

Dogrusy, ony şol wagt Iwaşowyň öz-ä duýmadam. Ol dik duran ýerinden:

惘 Ata... Molla ata... – diýip, gygyrdy. Gözünden boýur-boýur ýaş döküp, ýüregi bilen aglady. Bir başujynda, bir aýak ujynda çökdi. Soň turup ýene-de daşyndan aýlandy. – Aý, ata, molla ata, sen nätdi, sen näme etdi, näme üçin beýle boldy.

Şol wagtam ýene bir snarýad gyzyl ot bolup tüýnügiň üstünden «wazyrdap» geçdi-de, golaýda bir ýerlerde ýaryldy. Derrewem şol tarapdan «haý-waý», «gyk-bak», «çyr-çykylyk», agy sesleri eşidilip başlady.

Dagy näderini bilmedik, entek bular ýaly zady görmedik ýaş gyz garaz birini çagyrmak niýeti bilen bolsa gerek Iwaşowyň duşundan «dazyrdap» geçdi-de, daş çykdy. Çykyşy ýalam Baýramgül tebip bilen pete-pet gabat geldi. Nädip bilenleri, kimden eşidenleri beli däl, Baýramgül tebibiň yz ýany Ahallam, ýene-de birnäçe adam ylgaşlaşyp geldiler. Tutuş bir halkyň Hakydasyny özünde jemlän yssy mähirli göwre bolsa jansyz, sowuk jesede öwrülip ýatyr. Şu günüň özünde ony özüniň iň eý gören topragyna tabşyrarlar. Şol ýerde ol baky uka gider. Ýöne, ol ölse-de hakyda ölmez. Ony onuň agtygy, Enehakyda dowam etdirer.

Howwa, türkmenler duşmana hiç hili garşylyk görkezip bilenoklar. Birinji uruşda soldatlar gelişleri ýaly hüjüme geçdiler. Çozdular. Uruşdylar. Merdi-meýdanalyk bilen döwüşdiler. Garşylyk görkezere güýç synanyşara maý berdiler, mümkinçilik döretdiler, bular welin onam edenoklar. Şo-ol, bir menzilden durup, toplaryny işledişip otyrlar. Ýerli halk oturan ýerinde günsaýyn ýüzlerçe pidalar çekýär. Wagtyň geçmegi bilen pidalaryň sany müňlerçä ýetdi. Hiç hili alaç edip bilmezlik, çäresizlik halky hasam aljyratdy, göwnüni çökerdi. Umytsyzlyk döretdi. Bir işjeň çäre tapylmasa halk hiç kime gulak asman, ümdüzine galadan çykyp gidäýerli göründi.

Ahyram Gurbanmyrat işan han-begler bilen maslahatlaşyp, duşmanyň üstüne gije, has takygy daňdanlar çozuş etmeli, diýen teklibi köpçüligiň garamagyna goýdy.

Teklip hemmeler tarapyndan goldanyldy. Ýaş batyrlar-a muňa diýseň begendiler. Çozuşa ýolbaşçylyk etmeklik Dykma serdara tabşyryldy.

惘 Çozuşa çyplaň gitmeli – diýip, ol ähli ýüzbaşylary daşyna ýygnap oturşyna ýeke-ýeke görkezme berdi. – Hem-ä ýeňňilik üçin, hemem ümüş-tamyşlykda duşmanyň saýgarmazy ýaly. Üstesine, tutluşmaly bolaýanda-da, duşmanyň eline zat ilmez ýaly. Sowuk ýaraglylardan diňe döwtalaplylar gatnaşsyn. Hiç hili zorluk ýok. Egerde razy bolsalar, alynan oljalary göterişer ýaly, ýaralylara kömek eder ýaly ýaş-ýuş gelinler, gyzlar, ýetginjek oglanlaram gatnaşyp bilerler. Ýöne, olar öňe gitmesinler. Urşa garyşmasynlar. Gidende yzdan gitsinler, gaýdanda öňden ýöresinler.

Ilkinji çozuş 1880-nji ýylyň 28-nji dekabry gijesine bellendi. Oňa gatnaşmaklyga Marydan gelen döwtalaplaram isleg bildirdiler. Meýletinçileriň sany jemi dört müň adama ýetdi.

Bellenen gije taýýarlyk işleri tamam bolandan soň, galanyň içinde toplum-toplum bolşup üýşdiler, çaşdylar, ondan-mundan gürrüňler edişdiler, maslahatlaşdylar, ýaşulular çozgunlara iň soňky tabşyryklaryny aýtdylar. Dykma serdar bolsa, çozuşyň güýçli sykylyk bilen başlanjakdygyny mälim etdi.

Daňdanyň öňisyrasy galanyň daş ýüzündäki garymyň içi çozgunlardan ýaňa gyrma boldy. Galadan çykyşyp gelýänleriň bolsa entegem yzy üzülenok. Kömekçi gelin-gyzlar, ýetginjekler bolsa, diwaryň iç ýüzünde, duýduryşa garaşyp durlar.

Birdenem, diwaryň üstünden gulagyňy deşip barýan, inçejik, uzyn sykylyk eşidildi. Sykylygyň bir ujy galanyň üsti bilen garaňkylyga siňip gitdi-de, baryp, duşmanyň tranşeýalarynyň düýbüne sanjyldy. Müňlerçe gursakdan: «Alla-a!..» diýip çykan seslerem galanyň düýbünden göterilip, duşmanyň lageri üstiaşyry gum gerişlerine tarap tolkunlap gitdi. Çozgunlar böwedi böwsen sil kimin, duşman üzre eňterildiler.

Kerimberdi işan bilen Gurbanmyrat işanyň hersi derwezäniň bir çetinde durup, olara ak pata berdiler.

Öň hatardaky tranşeýalaryň içinde ýerleşen atyjy soldatlar türkmenler howul-hara oka tutup başladylar. Howa garaňky bolsa-da, çozgunlaryň biçak gürlügi sebäpli, soldatlaryň hatda gözlerini ýumup atýan oklaram sowa geçenok. Kim çirkin gygyryp arkan ýykylýar, kim «wah», diýip ýanyny ýere berýär. Sessiz-üýnsiz elini öňe uzadyp ýüzün düşýänem, ep-esli ýere çenli, entirekläp gidip, soň «şalkyldap» arkan gaýdýanam, tüwdürilip barşyna maňlaýy bilen ýer süsýänem bar. Garaz, ajalam hemmäni birmeňzeş garşy almaýan ekeni. Ýöne, kim ölüp ýykylýa, kim ýykylansoň jan berýä, kimler ýaradar bolýa, o wagt ony seljerýänem ýok, seljermek mümkinem däl.

Atyşyk bolsa barha güýjerleýär. Soldatlaryň tüpeňleriniň agzyndan çykýan otlardan ýaňa daş-töwerek ýagtylyp gidýär. Şonda tranşeýalaryň gyralary, çozgunlaryň howsalaly ýüzleri göz açyp-ýumasy alymlyk göze kaklyşýar-da, ýitip gidýär. Yzdan barýanlar käte öňlerindäki jesetlere ýa-da ýaraly ýatanlara büdreýärdiler we esli ýere çenli düwdenekleşip gidýärler, soň ýene-de galyp öňe tarap okdurylýarlar.

Türkmen ýigitleriniň öň hatarlardaky tranşeýalara aralaşmaklary builen, tüpeň sesleri galdy.

Bu–olaryň soldatlary çapyp ugrandyklarynyň alamaty. Diýmak garjaşma urşy başlandy. Şular ýaly başa-baş söweşde özlerini türkmenlerden has asgyn duýýan soldatlar ýigitleriň urýan agyr zarbalaryna döz gelibilmän, yza çekilmäge başladylar.

Skobelew diňe tranşeýalardaky atyjylaryna tä, iň soňky demlerine çenli söweşmekligi tabşyryp, galan goşunlaryna lükgesi bilen yza çekilmekligi buýurdy. Ol özüni duýdansyz gelen uly bir apy-tupanyň içinde ýaly duýdy. Deňsiz-taýsyz ýeňişe bolan umydyndanam tas, elini üzeňkirläberdi diýen ýaly. Bolup biläýjek masgaraçylygyň berjek biabraýçylygyndan gaýybana gorkup başlady. Garaňkylyk, garjaşma, şeýle hem başly-baratlyk, aljyraňňylyk zerarly ol toplaryny işledibem bilmedi. Has beterem türkmenleriň beýle ugurtapyjylyklaryna, batyrlyklaryna geň galdy.

Tranşeýalardaky soldatlaryň köpüsi çapyldy, diri galanlary bolsa goşun başlygynyň beren buýrugyna garamazdan, ýaraglaryny taşlaşyp goşunyň yzy bilen «loňkuldaşyp» gitdiler. Çarylan soldatlaryň tranşeýalaryň içinde terslin-oňlyn ýatandyklaryny garaňkylyk bolsa-da saýgarmak bolýar. Olaryň arasynda çukurdan çykmak üçin dyrmaşýan ýaly ýarpy göwresi içinde, galan ýarysy daşynda çykman üçin dyrmaşýan ýaly, ýarpy göwresi daşynda, ýarysy içinde germesatan bolşup ýatanlaram bar. Çykanlaryndan soň çapylyp, arkan gaýdan bolsalar gerek, çukuryň içine arkanlaýyn, dikbaşak sallanyşyp gözlerini petreýdişip ýatanlaram, garymyň düýbünde ýüplik ýaly süýnüşip ýa guýlunyşyp, düwdek halda ýatanlaram göze ilýär. Käbirleri çukuryň daşynda iki elini giň serip, asmana seredip çiňarkan ýatyr. Ine-ine turaga-da, müňedekläp gidiberjek ýaly aýaklarynyň birini ýygryp, beýlekisini uzadyp, ýüzün ýatanlaryň dagy hetdi-hasaby ýok. Bir soldat kimdir birini kömege çagyrýan ýaly, bir elin-ä gapdala uzadyp, agzynam giňden açyp ýatyr. Kelle çanagy pytrandygy sebäpli beýnisiniň ýülügi çogana-da, goly ýa aýagy çapylana-da, boýny egnine sähelçe ilteşip durana-da, nädip beýle bolýandygy belli däl, öz kellesini goltugyna alyp ýatana-da duş gelmek bolýar. Türkmen ýigitleri bilen gujaklaşyp, biri-birlerine kaklyşyp ýa üsti-üstüne müngeşip ýatanlaram ýok däl. Olaryň arasynda ölmän «iňňildeşip» ýatanlaryňam sany-sajagy ýok.

Ölen soldatlaryň eginlerindäki eşiklerini, aýakgaplaryny, ýaraglaryny sypyryp almak üçin tranşeýalaryň içinde hars uruşyp ýören birnäçe ýigitler özlerem bilmezden, çozuşdan ep-esli yza galdylar. Käbirleri bolsa ýaralylara kömek etmek üçin eglendiler. Netijede, hiç zada güýmenmän, eli ýalaňaç gylyçly, duşmanyň söbügini sydyrdyp barýanlaryň sany göz-görtele azaldy.

Gyz-gelinler, ýetginjekler olja alnan ýaraglary odun çykan ýaly edip daňýarlar-da, eginlerine alyp ýa arkalaryna atyp gala tarap ýelk ýasaýarlar. Äkidenlerini eltip ýene-de gaýdyp gelýärler. Soň ýene-de şol bir hereketlerini gaýtalaýarlar. Onda-munda ýaralylary goltuklaşyp, belki, öz söýerleridir, jeset süýreşip barýanlaram görünýär. Garaz, giden bir erewde-berewlik. Daňdanyň ümüş-tamyşlygynda bu ýagdaý juda gorkunç görünýär. Ondan-mundan gümür-ýamyr, hümür-sümür eşidilýär, ýöne, kimiň kim bilen gepleşýäni, kimiň-kime

näme diýýäni belli däl. Adamlar edil düýşde görünýän ýaly. Birgiden sudur bolşup, aýlanyşyp ýörler. Käbirleri ikindiniň kölegesi ýaly has uzyn, inçe görünýär, iniňi tikenekledýär.

Duşman bolsa yza çekilip gidip otyr. Şonuň bilen birlikde olaryň başagaýlyk bilen gygyryşýan aljyraňňy seslerem daşlaşýar.

Enehakyda hem ilki yzdan gelýän gyz-gelinleriň, ýetginjekleriň arasyndady. Tranşeýalara aralaşmaklary bilen, olaryňam topbagy dargady. Hersi bir tarapa pytrady. Kim özi toplady, kim toplap bereniňkini aldy, garaz, oljadan ýüküni tutany gala tarap ýegşerilişip ugramak bilen boldy. Ýetginjeklerem iki baka «daz» ýasaşyp, olardan kem galanoklar.

Ikinji gezek galadan gaýdyp gelýärkä, dirimi, ölümi, belli däl düňderilişip ýatan bir göwrä büdredi-de, Enehakyda tüwdürilip gitdi. Düwdenekläp baryp ýer garbady. Ýüzüni-gözüni çöp-çalamdan goramak üçin iki elinem öňe serdi. Ýere basandanam sag eliniň aýasyna «garç» etdirip, barmak boýy gara çöňür çümdi. Ol: «Eý, wä-äk!..» diýdi-de, hasyr-husur dikejegine galdy. Gözüni ýumup ýüzüni çytdy. Çep eli bilen mäkäm tutup, çöňüri aýasyndan çekip çykardy. Çöpüň çykan ýerinden gan zogduryldy. Enehakyda «jarladyp» eteginden dilkawja mata ýyrtyp aldy-da, ýarasyny gowşagraga-da daňdy. Onuň bilenem gany durmansoň saç bagyny çözüp alyp, daňynyň daşyndan çekibräk sorady. Diňe şondan soň ýerinden galdy. Iliň yzyndan gitjek boldy. Emma rowgaty çatmady. Ýaranyň yzasy artyp kem-kemden beýnä urdy. Ýüregine düşdi. Ol ulyili bilen gygyraýmakdan zordan saklanyp, aşak çökdi. Daş-töweregine garanjaklady. Birdenem gözi garaňkyrady. Ysgyny gitdi. Iki ýana buruljyrady-da, ýaraly elini göwsüne gysyp, şonuň üstüne ýykyldy.

...Howanyň az-kem ýagtylmagy bilen, eýläk-beýläk ylgaşlaşyp ýören adamlaryň sudurlary birneme aýdyňlaşdy. Soldatlaryň gurt gören goýun sürüsi ýaly südenekleşip baryşlary açyk göründi. Onda-munda topar-topar, iki-ýeke atyşyp, gaçyşyp-kowuşyp ýörenler göze ilýär. Urşa kelleleri gyzyp yza galan, indem oklary gutaran soldatlar käte bäşdir-üçdir, alagüpürdi bolşup, garymlardan çykýarlar-da, «Bratsy-sy!.. Ne ostawlýaýte na-as!..» diýşip, özleriniňkilere tarap gol bulaşyp gygyryşýarlar. Yzlaryndan ylgaşýarlar. Ýöne, çyplaň geýnen, käbiri bütinleý diýen ýaly ýalaňaç, ýeňil aýakly ýigitler iki ätdirmän olaryň yzlaryndan ýetýärdiler we daňdanyň alagaraňkysynda käte bir sowuklaç ýalpyldap gidýän gylyçlaryny çagyrylmadyk myhmanlaryň depelerinden inderýärdiler.

Howanyň doly ýagtylmagy hem-de, aralarynyň has açylmagy bilen, soldatlar yzlaryna öwrülip, atyp başladylar. Ýöne indi türkmenleriň ýaýrawy mazaly giňäpdi we uzakdan, çen bilen atylýan oklar olara kän bir zeper ýetirip bilmeýärdi.

Birdenem, galadan türkmen ýigitleriniň birnäçe atly toparlary çykyp, duşmanyň üstüne hüjüme gitdiler. Ýöne, pyýada soldatlaryň erjellik bilen, ýagdyrýan gülleleriniň zarbyna döz gelip bilmän, yzlaryna öwrüldiler.

Üstesine, indi duşman toplarynam işledip başlady. Güwleşip gelýän top oklarynyň haýsynyň nirede ýaryljagyny bilmän, çozgunlar giň meüdanyň içinde o ýan, bu ýan zowzullaşdylar. Kem-kemdenem, barysynyň ýüzi gala tarap öwrüldi.

...Çozuşyň bütin dowamynda öň hatarlarda bolandygyna garamazdan, Ahallynyň endamyna çalaja çyzygam düşmedi. Duşman döwüşerden birneme daş gidenden soň, o-da hemmeler ýaly olja ýygnady we gyz gelinlerden, ýetginjeklerden ep-esli ýarag ugratdy.

Häzirem onuň goltugy ýaragdan doly. Bagryna basyp barýan täzeje berdankalarynyň mähri gursagyny Enehakydanyň mährinden kem ýylydanok. Howlukmaçlyk bilen höküdekläp barşyna ol aram-aram goltugyndaky ýaraglara söýünçli seredýär. Nazary bilen şolaryň içinden iň gowusyny özi üçin saýlaýar. Galanlaryny bolsa öz hyýalynda ýaragsyzlara paýlaýar. Egnine atylgy boýnundan asylgy okly hatarlary bolsa ol orta goýar-da, soň hemmeler bilen deň-derman paýlaşar.

Birdenem onuň gözi öň ýanynda, içini tutup, buruljyrap ýatan gyza düşdi. Badyny gowşadyp onuň ýanyna bardy. Siňe seretdi. Şonda-da tanamansoň egninden ýüküni düşürdi-de, aňry bakyp oturan gyzyň ýüzüni usullyk bilen bäri öwürdi. Birdenem tisginip gitdi.

— Enehakyda-a?! – Onuň ýüzi aktam boldy. – Saňa näme boldy? Ýa ýaralandyňmy?

Enehakyda ony sesinden tanady. Gözüni zordan açyp saralgy elini görkezdi.

— Ine, şü...

Ahally duşundan ýegdekläp geçip barýan, eli boş ýigdekçäni saklady. Oňa öz ýüküni görkezdi.

— Bar, şolary gala elt...

Ýigdekçe ýaraglara gyzyl tapan ýaly topuldy. Garbap alyp egnine atdy-da, «ýyrş-ýyrş» edip gala tarap loňkuldap ugrady.

Ahally Enehakydany arkasyna «hopba» etdi. Gyz ilki ejap etjek boldy.

— Dur, dur, Ahally, beýtme – diýip, çalaja pyşyrdady.

Ýigit welin oňa gulagam asmady. Çünki, top oklarynyň arasy ýygjamlaşypdy. Atyjylar bolsa ýene-de golaýa gelipdiler. Basymrak gala ýetmelidi. Çozgunlaryň köpüsi özlerini ol ýere bireýýäm atypdylar. Diňe derwezäniň agzynda, diwarlaryň üstünde durup, Ahally ýaly yza galanlara bakan telpeklerini bulaýlaşyp bir zatlar diýip, gygyryşýan adamlaryň bölek-bölek üýşmekleri görünýär.

Halys surnugan Ahally derwezä golaýlaberende, arka ýüzünde snarýad ýaryldy. Çoýun gyýçagy gulagynyň düýbünden «juwlap» geçip gitdi. Daş-töweregi tot-tozan gaplap aldy. Özem çalarak entirekledi. Ol bir gapdala gaňrylyp:

— Enehakyda, saňa hiç zat bolmady dämi – diýdi.

Gyz:

— Ýok – diýip ysgynsyz jogap berdi. – Meni indi ýere düşüräý, Ahally. Men indi özüm ýörärin.

Şeý diýip, ol Ahallynyň arkasyndan syrylyp ýere düşdi. Aşak çökdi. Abat elini ýere diräbem ýanynlygyns oturyberdi.

Onuň ýagdaýyny aňan bolsalar gerek, derwezäniň agzynda üýşüp duran ýigitleriň arkasyndan iki sany daýaw gelin ylgaşlap çykdy-da, Enehakyda bilen Ahalla tarap okduryldy. Gelişleri ýalam ysgyndan gaçyp ugran gyzyň hersi bir goltugyndan girdiler. Ahally olaryň yzlaryndan ýöredi.

Dykma serdar olja alnan ýaraglary ýetdiginden ýaragsyzlara paýlap berdi. Gurbanmyrat işan haýal etmän jesetleri ýygnamaklygy buýurdy. Ýöne, jesetleriň ummasyz köpdügi, wagtyň azdygy duşmanyň bolsa dygysyzlyk bilen ot sowrup gara bulut deý yzyna süýşüp gelýändigi, top oklarynyň eýýäm galanyň içinde ýarylyp ugrandygy zerarly, olary ýuwup-ardyp oturman, şol durşuna jaýlamaly edildi. Kerimberdi işan Diňlidepä çykyp wepat bolanlaryň hatyrasyna güýçli ses bilen aýat okady.

Agşamlyk, apyla-sapyla sowulandan soň, Dykma serdar bilen Gurbanmyrat işan ikisi Enehakydany görmäne bardylar. Onuň dikelip oturanyny görüp begendiler.

Gurbanmyrat işan aşak bakyp, oturşyna ýuwaşja gürledi.

— Muny biz saňa geçen uruşda-da aýdypdyk welin, gyzym, bu gezegem ýatladaýmaly ekenik... Bu biziň ýalňyşlygymyz... Hňlem bolsa giç däl. Nirede

bolsaňam ýetse gutulma-ha ýokdur welin, garaz, her niçigem bolsa sen göz-görtele ajala çapmajak bol...

Enehakyda ilki Dykma serdara soňam Gurbanmyrat işana tarap gabak astyndan garady. Dodaklaryny çalaja gymyldatdy.

— Bor, agalar. Men siziň diýeniňiz bilen bolaryn.

Hoşlaşdylar.

Enehakyda sözünde tapyldy. Ikinji çozuşa gatnaşmady. Ýöne, gadymy oguz gyzlary Sylyjsn hatyn, Barçyn salyr, Burla hatyn dagynyň edermenlikleri barada hakyda aýdyp, çozuşa gatnaşjak gyz-gelinleriň ruhlaryny göterdi. Göreşlere galkyndyrdy.

Ol çozuş 1880-nji ýylyň 30-njy dekabr gijesi boldy. Oňa alty müň adam gatnaşdy. Ýene-de öňki ýagdaý gaýtalandy. Tä, tranşeýalara barýançalar, türkmenler soldatlaryň atýan oklaryndan ýaňa köp adam ýitirdiler. Ol ýere baransoňlar welin, esasy ýitgin i soldatlar çekdiler. Türkmen ýigitleri gylyçlaryny ezberlik bilen işletdiler. Öňki gezekkileri ýaly ur-tut olja güýmenmediler-de, esli ýere çenli duşmanyň söbügini sydyrdyp gitdiler. Çadyrlaryny çapdylar. Olja çöplemekligem, daşamaklygam diňe gyz-gelinleriň we ýetginjekleriň üstüne atyldy.

Ahally bilen Garadöwlet şol gezek duşmanyň garymlarynyň daşyndan aýlanyp, ýeňsesinden bardylar. Çat maňlaýlaryndan çykan çaklaňja çadyryň täzeliginden çen tutup, onuň ofiserlere degişlidigini çakladylar. Çadyryň agzyndaky garawullaram, daş-töwerekdäkilerem eýýäm aýak üstündediler. Kim gaçjak bolup atyny eýerläp ýör, kim bir eli ýaragly, bir eli daşky geýiimli çadyrdan çykyp barýar. Kim tüpeňiniň nilini garaňka tutup, kimdir birini tüpeňläp ýör, garaz, ber-başagaýlyk. Çozgunlaryň seslerem, gylyçlaryň «jarka-da-jarkasam» golaýlap gelýär. Şonuň üçinem, göni baryp golundan tutaýmasaň bu wagt kimiň-kimdigini biler ýaly däl. Ahally bilen Garadöwlediň peýda bolanynam birbada hiç kim duýmady. Asla üns berenem bolmady. Olaryň bar küýi-köçesi gala tarapda. Ýeňseden howp geler, diýip, göwünlerine-de gelenok. Birdenem, çadyryň içinden girdenejik, sary saçly, jaýtaryp duran murtlyja ýeňil-ýelpaý geýnen ofiser tasap çykdy. Ol ylgap barşyna bir-ä pistolediň gaby gysdyrylgy kemerini biline dakjak bolup, kösenýär,birem sandyrap duran barmaklary bilen penjeginiň iliklerini ildirjek bolüar. Papak diýenini dagy bir şahyna zordan ilişip dur. Şol bolşuna-da ol

özüne zor salyp gygyrýar, sögünýär, daş-töwereginde pyrlanyşyp ýören soldatlara bir zatlar barada buýruk berýär.

Ahally bilen Garadöwlet ikisi agzybirlik bilen hereket etdiler-de, ofiseriň yz ýany haýdap öýden çykan iki sany aljyraňňy soldatyň adama birini «suhladylar». Şol wagt garaňkynyň içinden müňedekleşip ýene-de üç sany soldat peýda boldy. Olaryň ikis-ä nämäniň-nämwdigini bilmän, aňka-taňka boldular we aýňalyp ýetişmänkäler öz janlaryndan dyndylar. Üçünjisi ýa-ha olara görä aňçyrak ekeni, ýa-da öňki çozuş mahaly bular ýaly ýarym-ýalaňaç pyýadalary köp gören bolmaly, hasyr-husur tüpeňine ok sürdi-de, atmak üçin nilini Ahalla gönükdirdi. Ýöne, atyp ýetişmedi. Garadöwlet gylyjynyň ujy bilen onuň tüpeýini bir gapdala kakyp goýberdi. Ur-tutam gylyjyny garnyndan sokdy. Silkdi. Şol wagt hälki iki ýana haýdap ýören ofiserem yzyna öwrüldi. Ýalaňaçlara gözi düşendenem koburasy sallanyp duran kemerli elini ýokary göterdi. Ýöne, elleri ýalmawuz ýaly ýalaňaç gylyçly ýigitlere olar ýaly ortatap ofiseriň geregi ýok. Şonuň üçinem, olar onam gylyçdan geçirdiler-de, has «uluraklaryny» tapmak tamasy bilen kürsäp çadyryň içine girdiler. Garaňkynyň içinde sermenişip iki sany pistolet tapdylar. Başga-da geýim-gejim tapyp, ýan torbalaryna saldylar. Eglenmänem daş çykdylar. Daş işikde öli ýatan soldatlaryňam ýaraglaryny, eşiklerini aldylar. Entegem jan teslim edibilmän kakynyp ýatan ofiserem sypyrdylar.

Bular ýaly şowlulyk çozuş mahaly her kime ýetdiribem duranok. Çünki, Garadöwletdir Ahally ýaly duşmanyň daşyndan aýlanyp, gelip, lageriň jümmüşine aralaşýanlar az. Çozuş köplenç öň hatarlarda bolup geçýär. Her niçik hem bolsa şol gezek öňdäki saplara çozan ýigitleriňem duşmana has içgin aralaşyp, lomaýja olja alyp gelenleri boldy. Mysal üçin, Marydan kömege gelen atly goşunyň ýüzbaşylaryndan biri, Akga batyr öz ýigitleriniň üç-dört sanysy bilen bilelikde, entek daňdanyň alagaraňky wagtlary bir topy süýräp alyp geläýdi. Muňa begenişip durkalar, Kelejarly Çary diýilýän çepiksije ýigidem öz obadaşlary bilen bir top getirdi. Gypjak obasyndan Begenç atly ýigit bolsa, öň hatarda ýerleşen Apşeron polkunyň 4-nji batalýonynyň baýdagyny alyp geldi.

Dykma serdaryň buýrugy bilen olja alnan toplaram şol günüň ertesi Diňlidepäniň üstüne çykaryldy. Ýany bilen getirilen bäş-üç sany okam haýbat üçin duşmana tarap «güwledip» goýberdiler. Şonuň bilenem toply mesele tamam boldy. Başga atara ok tapylmandygy sebäpli ol topam gajarlardan olja alnan öňki mis topuň gapdalynda ine-ine asgyrjak ýaly burnuny dik ýokary tutup, şol bir duran ýerinde tä uruş gutarýança gymyldysyz durdy.

Tekeleriň gijeki çozuşlary soldatlaram-a haýykdyrdy welin, general Skobelewi hasam howpurgatdy. Ol ikinji çozuşdan soň doktor Geýfelderi ýanyna

çagyrdy-da, uly howsala bilen gözlerini özi üçin ýörite dikilen gara öýüň içine aýlap, durşuna gollaryny galgadyp:

— Meniň batyrlygymy hiç kim inkär edip bilmez, doktor, ýöne, şü, tekeleriň gijeki çozuşlary bilen jarçynyň sesi welin, maňa ähli zatdan beter täsir edýär – diýdi.

Şonuň üçinem, ol ofiserlerine ýene-de bolup biläýjek üçünji çozuşa güýçli suratda taýýarlyk görmekligi býurdy. Buýruk ýerine ýetirildi. Öň hatarlaryň goragy güýçlendirildi.

1881-nji ýylyň 4-nji ýanwar gijesi çozuş ýene-de gaýtalandy. Oňa on iki müň adam gatnaşdy. Ýöne, gaýtawul Skobelewiň öz tabşyryşyndanam has berk boldy. Çozgunlardan juda köp adam gyryldy. Mahlasy çozuş şowsuz tamamlandy. Goraýjylaryň köpüsi şondan soň galany taşlap gitdi. Olar öz maşgalalaryny gum içindäki howpsuzrak ýerlere, guýularyň başlaryna eltip, dolanyp gelmekligi wada berdiler. Emma gelmediler.

Umuman, üçünji çozuşdan soň galanyň içindäki erewde-berewlik, ibirtde-zibirtlik öňküdenem has artdy. Gaýda-gaýmalaşyk köpeldi. Kimiň gidip, kimiň gelýäni, kimiň girip, kimiň çykýany belli bolmady. Bir wagtyň özünde galanyň ähli tarapyny gabamaga duşmanyň güýjüniň ýeterlik däldigi, ýagdaýyň şol tarapa ýykgyn etmegine hasam itergi berdi.

Galanyň gabawly taraplarynda, ortalarynda welin, bar zat öňküsi ýaly dowam edýär. Mergenler hyrlylaryny eginlerine atyşyp, galanyň daşyndaky garymlara tarap gyrmyldaşyp barýarlar. Olaryň topar tutup barýanlaram, ikibir, üçbir ýa ýekebara barýanlaram bar. Her kim özüniň islän, saýlan, göwnän ýerinde ornaşýar. Arkalary suwly meşikli, elleri nan düwünçekli aýallar bolsa ýegşerilişip ýa şol tarapa barýandyrlar, ýa-da şol ýerden bärik gelýändirler. Oglanjyklar galanyň içinde iki ýana ýügürişip, ok çöpleşip ýörler. Olar tapanja oklaryny agalaryna, kakalaryna juda hossary bolmadyklar bolsa umumy ýeňişe kömek bolsun, diýip, Abdylla ussa eltip berýärler. Abdylla ussa-da, oglanjyklaryň agalaram, kakalaram ol oklary eredip, öz hyrlylary üçin ok guýýarlar we duşmanyň okuny özüne dolap berýärler. Bir soldat şu gün dek-düýnjik gala tarap atan öz okundan öldi diýseler ynanmak boljak.

Ok çöpleýän çagalaryň, mergenlere çörek, suw daşaýan aýallaryň arasynda-da duşman okundan heläk bolýanlary az däl.

Diýseň ýygy oturan gara öýleriň arasyndaky şyr takyrda, düýn-öňňünjik saçy syrylandygyna garamazdan başy açyk, ok çöpläp ýören oglanjygyň ok degip, ýüzünligine süýnüp gidenini şol töwerekdäki elewreşip ýörenleriň hemmesi gördi. «Wahda-wah» bolşup, daşyna aýlandylar. Emma çagajyk eýýäm ýagty jahan bilen

hoşlaşypdy. Akja köýnegi bolsa durşuna gan. Entek ýylysam gitmedik, arassa, gyrmyzy gan.

Arkasy meşikli gelýän aýallaryň biri bolsa galadan çykyberende birdenkä aýak çekdi. Saklandy. Birine suw bermekçi bolýan ýaly aşak çökdi. Iki aýagynam öňe uzadyp oturdy. Meşigiň çiginüsti aşyrylan bagyndan mäkäm ýapyşdy. Meşikden akýan suw bilen bakyndan bygyrdap akýan gan gatyşyp, daş-töweregini köljertdi. Diňe şoňa gözi düşenden soň aýal özüniň ýaralanandygyny duýdy. Gorky basdy. Gözleriniň öňünde gar uçganaklap, başy aýlandy. Ol öz ýanyndan: «Be-e,adam pahyr ölende şeýdip ölýän ekenler-ow, büý-ä kynam däl ekeni...» diýip, alasarmyk halda oýlandy.

Daşyndan görenler oňa ýadandyr, dynç almaga oturandyr, öýtdüler. Meşigine ok degip suwy dökülendir öýdenlerem boldy.

Ol welin şol oturşyna köp oturdy. Ýöne, meşik gowzadygysaýy bir tarapa ýan beri gitdi oturdy. Meşik boşandanam «şalkyldap» bir tarapa agdy.

Şondan soň onuň ölendigi galadan girip-çykyp ýörenlere äşgär boldy. Özi ýaly bir aýal yrgyldap ýanyna geldi. Görse, çawup gelýän ok meşikden geçipdir-de, görgüliniň bir ýan böwründen giripdir. Şonuň üçinem, akýan gan edil çaga «jürlewügi» ýaly pesden-pese «jürläp» akyp gidip barýar.

Her ädimde, her demde gaýtalanyp duransoň, olar ýaly zatlary indi geň görýänem ýok. Her kim güýjüniň çatdygyndan edibilen kömegini edýär-de, ýene-de ýoluny dowam etdiriberýär. Ölüm indi hiç kim üçin gorkuly zat däl. Gaýtam ol her kesiň ýetip bilmeýän arzuwy. Ölüme bolan islegiň şol pursat ejizlilikdigini ýa batyrlykdygynam seljerer ýaly bolmady.

Halk özüniň häzirkisindenem beter has aýylganç uly bir betbagtçylygyň öňüne durandygyna, öňde iňňän uzaga çekjek baknalygyň ýatandygyna göz ýetirdi.

Dirileriň ölenlere gözi gidip başlady. Her kim: «Ölenler ozdurdy. Olar rahatlyk tapdylar. Bu dünýäniň aladalardan dyndylar. Olar indi bagtyýar. Şolar ýaly bagt bize-de ýetdirsedi» diýen düşünjä uýdy. Halk ölümden däl-de, ýeňlişden soň ýüze çykjak masgaraçylyklary, kemsidilmeleri gözi bilen görmekden, gorkdy. Şol zatlary göreninden ölenini ýeg saýdy. Ine, hut şu aýgytly çözgüt hem ony gözsüz batyrlyga getirdi, ölüme hyruçlandyrdy. Güýjüň deň däldigi, iru-giç galanyň synjakdygy köre hasa görnüp duran hem bolsa, her kim iň soňky demine çenli, iň kyn ýerlerde söweşmekligi ýüregine düwdi. Şonuň üçinem, gijeki çozuşlarda-da, kä daýym galadan çykyp edilýän gündizki kakyş-kukuşlarda-da her kim gözi ýok ýaly öňe okdurylýar. Hiç kim ölümden gaçanok-da, tersine, ony gözleýär. Üstüne sürünýär. Batyrlyk diýlen zadyň öňi bilen ölümden gorkmazlykdygyny olaryň köpüsi şol döwür özleri üçin açyş etdiler.

Şolaryň birem Garabatyr. Atly ýigitleriň ählisine ýolbaşçylyk edýändigi üçin olar ýaly ownuk oý-pikirleriň ugruna gitmäge onuň asla, hakam ýok welin, geçen uruşda, hususan-da, harazyň içindäki söweşde kellesie zyýan ýetdimi ýa ýüregi gozgandymy, soňky döwürlerde onuňam gahary artyp, ajal bilen gaýybana sögüşmäne başlady. Sähel zadyň üstünde ýoldaşlary bilen, dawalaşmany, çykardy. Käte ýaşulylar bilenem jedelleşiberdi. Iki gezek dagy bidin çykyp gidip, özüni topar-topar bolup duran eli ýaragly soldatlaryň arasyna urdy. Muny Diňlidepäniň üstünde töwerege syn edip, duran ekabyrlar öz gözleri bilen gördüler. Şonda olar ony öz ýanlaryna çagyryp:

— Garabatyr! Sen atly goşunyň başlygy. Şonuň üçinem, bular ýaly baş-başdaklyk etmäge, ters görelde görkezmäge hakyň ýok. Kim nähili hereket etjek bolsa, maslahatlaşyp etmeli. Bu barada sen öňem bir käýinç alypdyň, – diýdiler. Garabatyr welin şol gezegem «bor agalar» diýäýmedi-de, gaýtam özüniň ölmi gözleýändigini mundan buýana-da gözlejekdigini aýdyp, ýaşulylar bilen kejeleşdi. Şol kejirligem ony ahyr bir gün gözleýän zadynyň üstünden eltdi.

...Toplaryň nili gyzýamy ýa özlerem halys ýadaýarlarmy, ir ertirden tä, gyzar ikindine çenli irmän-arman ot sowurýan duşman toplary mahal-mahal atmasyny bes etýär. Şolar ýalyda ýörite bellenen toparlar hars urşup, galanyň içindäki top okundan heläk bolan adamlary ýygnaýarlar, jaýlaýarlar, jaýlap ýetişmediklerini bolsa bir ýere üýşürip goýýarlar. Galanyň daş ýüzündäki garymda ýerleşen mergenleriňem ýogalanlaryny içine daşaýarlar. Ýaralananlaryna em edýärler.

Hojalykdaky garry-gurtular, aýallar ownuk öý hysyrdylary bilen meşgul. Nan ýapýarlar, biş-düş edýärler. Mal-garalaryna seredýärler. Garaz aram-aram ara düşýän şojagaz böwşeňligi her kim başardygyndan peýdaly işlere ulanmaklyga çalyşýar.

Diwaryň üstündäki ýigitlerem şol pursat tüpeňdir-gylyçlaryny bir gyra goýýarlar-da, agyr pikirlerden aýňalmak üçin özara gürrüňçiliklere başlaýarlar. Dogry, olaryň ylgap gidip, öz öýlerinden, çagalaryndan habar tutup gelýänlerem bar, ýöne, köpüsi öz orunlaryndan üýtgänoklar.

Şolar ýaly gürrüňçilikleriň başy bir gezek Sapar aga bilen Tilkiçi şahyryň arasynda başlandy. Sapar aga ir döwürlerr aýdym aýdýan ekeni-de, bir sebäp bilen bagşyçylygyny goýupdyr, şol gün Tilkiçi ondan ana, şonuň sebäbini sorady.

– Gyzgyn kädi iýdim... – diýip, Sapar aga aýbogdaşyny gurup, öňe-yza yraň atyp irkiljiräp oturşyna aýtdy. – Şo-da sesimi gyrdy. Sowukmyka diýip agzyma salaýypdyryn-da. Köpçüligiň içi bolansoň yzyna çykarmanam birhili gördüm-de, ýuwdup goýberdim. Oturýerimden ot çykdymyka diýdim. Bir gez dag-a ýokary galanymy bilýän.

Gürrüňçilige ýene-de üç-dört sany ýigit gelip goşuldy.

— Aý, o zatlar hiç-laý Sapar aga. Sen ýöne haçan Baýramgül tebibi aljakdygyňy aýtsana... – diýip, olaryň biri gelşi ýaly Sapar aga degip başlady. – Ýogsam ine ho-ol, çukuryň içinde ýatan sary orslaryň biri ogurlap alyp gider ony...

— Hany, uruş bir gutarsyn bakaly – diýip, Sapar aga-da olara çyna berimsiz jogap berdi. – Şondan soň görübiris...

Sapar aganyňkydanam beter garaýagyz ýüzünde hasam akjaryp görünýän owunjak, akja dişlerini ýörite güjeňlejek bolýan ýaly «ýyrş-ýyrş» edip ýigitleriň ikinji birem degişmä goşuldy.

— Bolmasa şuňa Zeýnebi äberäýeliň-le...

Zeýnep ir döwürden bäri Gökdepe obasynyň içinde aýlanyp, gören ýerinde ýatyp-turup ýören, söwdaýysypat pars gyzy. Ol ir döwür alamançylaryň getiren ýesirleriniň arasy bilen gelipdir-de, özi birhili zyýanlyrak bolansoň hiç kim oňa eýe çykmandyr. Satybam bilmändirler. Şeýdibem galyberipdir. Yzyna goýberselerem gidenok. Şu ýere öwrenişipdir. Dagdan geçirip gaýtsalaram, yzlary bilen geläýýär. Käbir aýallar ýa çagalar oňa käte Zeýnep däli diýýärler. Ýöne, şeý diýenini eşitseler oba ýaşullylary olara garaçynlary bilen gatyrganýarlar. «Hudaý urany pygamber hasasy bilen dürter etmäň» diýip, käýinerdiler. «Däli» diýseler Zeýnebiň özem gaty bir halap baranok. Aýallara-ha: «Men dali dal, jan dogan, man Zeýnab...» diýip, gaty görenini sypaýyçylyk bilen duýdurýar. Çagalara welin berk daraýar. «Daly bolup nama sanyň anaňy bogdummy, ýa sany bogdummy ýa bogaýynmy?.. Agzyňa siýeýinmi? Diýip, çyna berimsiz gahar bilen aýaklaryny tapyrdadyp yzlaryndan kowalaýar.

Soňky döwürlerde oba kethudalary oňa enäp-tenäp ýörmesin, diýip, bir öýjagaz dikip berdiler. Bolşuna görä her kim odur-budur, goş-golam, gap-çanak berdi welin, öýi-öýe meňzedi duruberdi. Dogrusy, amatyna getirip bolsa, özüne laýygrak biri gabat gelse ony durmuşa çykarmaýmak barada-da gürrüň gozgadylar. Öz pikirlerini aýallaryň üsti bilen Zeýnebe duýdurdylaram. O-da telim wagtlap aýallaryň ýüzüne seretdi-seretdi-de, aşak bakyp «ýyrş» etdi. Sag eliniň aýasy bilen bir ýan ýüzüni tutdy. Ýöne, bu onuň razylygynyň alamatymy ýa ýo, ony hiç kim bilibilmedi.

Ana, şondan bärem şol gürrüň Gökdepede bar. Ýaňky ýigidiň Sapar aga şeý diýmesem şol gürrüň bilen bagly. Ýalanam bolsa, hoş habar diýen ýaly şolar ýaly gürrüň Sapar aga-da hoş ýakman duranok. Barjagyny takyk bilse ony almajakdanam däl. Ýöne, oba adamlarynyň her gezek çaga duşanlarynda «ony äberjek», «muny äberjek» diýip, sallaha duşanlarynda «pylanyny äberjek» diýip, alasamsyk adama duşanlarynda ýene bir zat diýip oýnaýmak endikleri bar. Şeýdip, özünem, bir-de Baýramgül tebibe, bir-de Zeýnebe öýlendirilip ýörşlerinden dogrusy Sapar aganyň özem halys irdi, ýadady. Şeýle-de bolsa her gezek ýigitleri ugurlaryna kowup: «Bor, iniler bor, şeýdäýerin, alaýaryn» diýýä-de, başyndan sowýa goýberiberýä. Ýöne, sallah adamda käte: «Şulaň şu sapar çyny bolaýmasyn how» diýen iňkisem döräýgiç bolýar. Şolar ýalyda ol: «Aý, bor-la, özi göwnese o-da bolman durmaz-la» diýip, çyna berimsiz razylygam beräýýär. Olaram şondan soň bir gürrüňi çynyrgadyberjek ýalylar welin, ony edenoklar-da gaýtam: «Ana, razy boldy, boldy indi» diýip, gürrüňi başga ýana sowaýalar goýberiberýäler. Şondan soň özüniň ýene bir gezek oýnalandygyny bilip galýar. Şundan soň-a oýnalman diýip, öz-özüne söz berýär.

Ýöne barybir bolanok. Ony ine, häzirem oýnap otyrlar. Şu gezek welin ol «boram» diýmedi-de aşak bakyp, ýüzüni sallady oturyberdi. Muny Tilkiçi şahyr duýdy we ýagdaýy üýtgetmek üçin gürrüňiň ugruny durmuş, ogul, gyz, gelin baradaky umumy söhbete syrykdyryp goýberdi. O gürrüňem aýlanyp öwrülip haýsydyr bir aýalyny berk tutýan, bolgusyz ýere urup-sögüp, gün bermän ýören bir ýowuz kişiniň üstünden bardy.

— Aý, aýal diýeniň gadyr bilmeze duşsa şeýle bor, oglanlar, harlanar – diýip, ýene-de öz «wawwaly» ýerinden tutulan Sapar aga gürrüňe goşulanynam bilmän galdy. – Bir entek bende-hä ony tapanok, tapanlaram beýdişip ýörler...

— Näme günäsi barmyşyn o bendäň beýdip, azar berip ýörei ýaly... diýip, soňkurak gelen , gyrçuw kişi agzyny «şapbyldadyp» söze goşuldy.

Başda şol gürrüňi gozgan goturaky ýigit «hoňul-hoňul» etdi:

— Aý, özüni gürletseň-ä taýak taňrylymyşyn. Urup-sökmese, et diýip üstüne düblemese öýünde çöp başyny gymyldatmaýarmyşyn.

Gyrçuw kişi birmeýdan böwrüni diňläp oturdy.

— Et diýeni bilen edýän bolsa oňky ýene ýagşy ekeni. Ine, Agaly düýekeş aýalyny saçy bilen syrtmaklap tüýnükden asýa, aşakdanam dabanyna-da biz sokýa welin, şonda-da aýdanyny edenog-a. Aýaklaryny kelemenledip durşuna şo ýerdenem: «Etjek-gä-ä!..» diýip, gygyrýa.

— Etmez. Zandyýaman bolsa etmez – diýip, näme üçindir öňküsine görä birneme suslanan goturaky ýigit aşak bakdy. – Zandy ýaman bolsa öldürseňem çäre bolmaz. Olar ýala: «Taýak taňryly» diýýändirler.

Şeýle pajygaly ýagdaýlary başdan geçirýändiklerine garamazdan, goraýjylaryň, şujagaz pursatda-da şular ýaly mesaýy gürrüň edip oturmaklary birbada geň ýalam görünýä, ýöne nätjek adam tä jany içinden çykýança şol bir adamlygyna galýa-da. Ol toý güni aglabam bilýä, ýas güni ýylgyrybam bilýä. Onuň tebigaty şeýle.

Ýigitleriň şeýdip dünýäň aladasyny piňlerine-de alman oturan pursatlaram galanyň iç tarapyndan:

— Garadöwledu-uw! Aýuw-w, Garadöwle-et!.. Adamlar, Garadöwlet gelmedimi?!.. Ýa habaram etmediňizmi? – diýen çirkin aýal sesi eşidildi. Hemmeler tisginip şol tarapa garadylar.

Inçejik ak gollaryndaky öli bäbegini olara bakan uzadyp durşuna gözlerinden boýur-boýur ýaş döküýän gelin Jäjek. Onuň ýeliň ugruna ygyp duran çaşgyn saçlary parlap duran gara baýdaga meňzeýär. Saçyna çala ilişip duran ujy köneräk golaly saçbagynyň bir ujy ýerden süýrenýär. — Jan doganlar, gepleşibilýän bolsaňyz aýtsaňyzlaň şolara, atmasynlar-la... Ojagazym-a aldylar. Bujagazyma bir degmesinler-dä indi... – diýip, ol ýene-de diwaryň üstündäkilere bakyp özelendi. – Ýadadym men indi, jan doganlar, ýadadym... Ýa öz mergenlerimiz ataýýamykalar?.. Jäjek şu gün ir bilen, ýaňy bir atyşygyň başlanan wagty, top okunyň awusyny ilkinji bolup dadanlaryň biri. ...Goşa sallançagyň içindäki ekizlerini ýanap oturan gelin edil öýüniň arka tarapynda ýarylan snarýadyň sesine «zöwwe» ýerinden galdy-da, hat-da göwsüni, içine salmanam unudyp aýak ýalaň, başy açyk tasap daş çykdy.

– Waý, jan doganlar, bi ne bela boldy bi... – diýip, iki ýana elewredi. Birdenem öň ýanynda öňküdenem aýylganç «gümpüldi» boldy. Dumly-duşy tot-tozan gaplap aldy. Gelin bir bada hiç zada düşünmän äm-säm bolup durdy-da, sowlaryna-da garaşman, özüni gara öýüň ornunda emele gelen sary dumanyň içine urdy. Çagşan tärimlere, goş-golamlara büdräp, üsgürip, asgyryp «kühhäläp» ýörşüne ellerini öňe uzadyp, içinde öz jigerbentleri ýatan sallançagy gözledi.

— Ýusup ja-an! Ahmet ja-an! Siz nirede-e?..

Öýüniň üstüne snarýad düşenini, gelniniň gara tüssäniň içine bir girip, bir çykyp, zowzullap ýörşüni şol wagt diwaryň üstünde duran Garadöwlediň özem gördi. Ýöne, ol bagyr awusyny çekmeli bolmady. Uly ili bilen gygyryp, diwardan düşüşi ýaly, «güwläp» gelen top okuna duçar boldy-da, göz açyp-ýumasy salymyň içinde özem bu dünýe bilen baky hoşlaşdy.

Ýanar oduň içinde iki ýana urnup ýören Jäjek welin, çagalarynyň birinden-ä asla derek tapmady, beýlekisinem öli tapdy. Ýüzi-gözi gan, eli-aýagy göwresine çalaja ilişip duran çagasyny «şalkyldadyp» eline alandanam, öňküje aklynam ýitirdi. Çagany dik-depesine tutup, ýüzüne çiňerilip durşuna:

– Heý-wüý, heý wüý, bi hähili zat bi – diýip, gülüp başlady. Yzyndanam aglady. Çagasyny bagryna basyp, gorkuly gözlerini töwereine aýlady. Ekizleriniň taýyny gözledi. – Olam-a bolmalydyr öz-ä şu töwereklerde bir ýerlerde. – Şondan soň ol lampa aşak oturdy-da, elindäki öli çagasynyň agzyna al gana boýalan göwsüni tutdurdy. – Al, oglum, al! Al, ine häzir kakaňam geler. – Ol ýene-de çagasynyň ýüzüne jüýjerildi. – Sen Ýusupmy ýa Ahmet? Ahmedemi ýa Ýusup? Ýusup bolsaň hany onda Ahmet jan nirede?

Birdenem ýerinden turdy-da, çagasyny ýokary göterip diwara tarap ylgady.

– Garadöwle-et!.. Garadöwle-ew!..

Oňa çagalarynyň üstesine äriniňem ýogalandygyny bildirmezlik üçin, diwaryň düýbündäki dürli alada bilen gyrmyldaşyp ýören adamlar Garadöwlediň jesedini dessine ýygnadylar. Jäjege-de:

– Garadöwlet häzir galanyň daş ýüzündäki mergenleriň ýanyna gitdi. Geldigi biz oňa aýdarys, bar, sen bu ýerden git – diýdiler. Elindäki çagasyny aljak boldular, bolmady. Bermedi.

Ana, şondan bärem Jäjek o diwar bilen bu diwaryň, bu diwar bilen o diwaryň arasynda gatnap, adamsyny gözläp ýör. Onuň şol bir sorag bilen şu ýere ertiren bäri näçe gezek gelip gidendiginiň hasaby ýitdi. Her gezgem höre-köşe bilen yzyna gaýtaryp goýberýärler. Onuň:

– Aýu-uw-w Garadöwledu-u!.. – diýýän zaryn sesi galanyň kä o burçundan eşidilse, kä bu burçundan eşidilýär.

Öz ýagdaýlarynyňam öwerlik däldigine garamazdan, onuň bu halyna bütin halaýyk gynandy.

Şondan soň özara degşip oturan ýigitleriňem mazalary gaçdy. Her kim aşak bakyp sortduryldy oturdy.

Ýöne, beýdip uzak dymyp oturmagam mümkin däl. Üstesine gürrüňçilige gelýänleriňem sany artyp gidip otyr. Şonuň üçinem, kem-kemden, ýöne, bu gezek belli bir waka bilen bagly bolmadyk ol, bu zatlr barada mesaýy gürrüňler başlandy. Onuňam soňy gijeki çozuşlyklara, ondaky şowlulyklara we şowsuzlyklara syrykdy. Her kim göreninden, eşideninden habar berdi. Esasanam, ikinji çozuş gijesi Garadöwlet bilen Ahallynyň görkezen gahrymançylyklary, duşmanyň içine şolar ýaly içgin aralaşybam, sag-aman dolanyp gelişleri barada gürrüň etdiler.

Şonda, gytyksy goňur telpegini tirsekläp, çep dulugyny çep aýasyna goýup, gyşarylyp ýatan ýagyrnysy ýasy, ýüzi repide ýaly tegelek hem boldumly, otuz bäş ýaşlaryndaky ýigit gözlerini gypyrjykladyp çalt-çalt gürledi.

— Aý, adam pahyr ajaly ýetmese nirä baranda-da hiç zat bolmaz. Görogly beg aýdypdyr-a: «Kyrk ýyl gyrgynçylyk bolsa-da ajaly ýeten öler, ýetmedik galar», diýipdir-ä. Ana, şoňky dogry şol. Jan tende amanatdyr. Eýesi gereklese alar, gereklemese berjek bolsaňam almaz.

Şol wagtam gamçysyny oýnap Garabatyr geldi. Ol gürrüňçiniň soňky sözlerini eşitdi. Näme üçindir dişlerini gyjap gaharly gepledi.

—Egerde men amanadyny eltäge-de, öňünde goýaýsam eýesi alman durubirmikä?

— Beý diýme, Garabatyr, – diýip, töwerekdäkileriň barysy birden seslendi. – Hudaý bilen synanyşyp bolmaz.

— Boluşyny – bolmaýşyny bilesiňiz gelýämi? Göresiňiz gelýämi? Men size jan eýesine amanadyny islän wagtyň gowşuryp bolýandygyny subut edip bereýinmi? – Şeý diýdi-de, ol basgançaklar bilen ylgaşlap diwardan düşdi. Tiz wagtdanam dor atyna atlayp, galanyň daşky düýbi bilen, ýaňky gaýdan ýeriniň deňine geldi. Atyny çarpaýa galdyryp, ýigitlere gamçysyny bulady. Ine, serediň! Jan eýesi menden häziriň özünde amanadyny alýamy ýa ýokmy? Ol ony menden häziriň özünde alsa-da alar, almasa-da alar. Islese-de alar, islemese-de alar.

Şeý diýip ol atyny debsiledi. Dor at duşmana tarap süýndi ötägitdi. Diwaryň üstüdäkileriň barysynyň ünsi şol tarapa gönükdi. Beýleki diwarlaryň üstündäkilerem gykuwlaşyp oňa tarap telpeklerini bulaýlaşdylar. Köp adam onuň näme üçin beýdip, ýeke özüniň duşman üzre topulanyna düşünmän galdy. Gündiziň günortany, onda-da atyşygyň iki tarapdanam kesilen wagty, üstlerine eňip gelşine dogrusy soldatlaryň özlerem geň galdylar. Arakesmeden peýdalanyp gyssagly bir habar bilen gaýdandyr öýdüp, oňa tarap ok atmakdanam saklandylar. Emma, Garabatyr barşy ýaly bir topbak soldatyň başyndan indi. Gyran-jyrana salyp ugrady. Özem dert-azar duşmanyň tuguna tarap dyzady. Ýöne, oňa o tarapa süýşere maý bermediler, şondan soň Garabatyr çadyra tarap gylyjyny bulaýlap durşuna:

— E-eý, aýry sakgal! Çyk! Bu gün mert söwdanyň günüdir. Men amanatdan geçdim! Ýöne, jähenneme ýeke gitmäýin, senem alyp gideýin, gel! – diýip, gygyrdy.

Rejäniň geň äldigini aňan pyýada kazaklar ony ur-tut oka tutjak boldular. Emma, könäni ýatlap mert döwüş etjek boldularmy ýa başa-baş söweşiň keýpini görmek isledilermi, bäş sany soldat at debsiläp geldi-de, olara: «Atmaň!» diýip,

gygyryşdylar. Ýöne, hemmesi birden çozmady. Ýeke-ýekeden çykdylar. Garabatyr ilki gelen, özüniňkä meňzeş dor atlyny uzaklaşdyrman atdan agdardy. Ikinjisem onuň bilen uzak gidişibilmedi. Üçünjisi bolsa darkaşa ýürek edibilmedi. Beýleki ikisiniňem mertsirän bolup ýöne ýere ölesi gelen däldir-dä, ur-tut at başyny öwürdiler we häliden bäri tüpeňlerini bir gezäp, bir aýryp duran soldatlara: «Ýeri bolýa-da, atyň» diýdiler.

Şondan soň Garabatyra tarap çenelen tüpeňleriň sany köpeldi. Beýleki hatarlardanam ylgaşyp gelen höwesjeňler boldy. Garabatyr ölümden gorkup däl-de, ölümi oýnamak üçin, galyberse-de  görä atynyň başyny gala tarap öwürdi. Öwrüşi ýalam yzyndan onlarça tüpeňiň nilinden çykan «gümpüldi», «paňkyldy» gulagyny kamata getirdi. Emma hiç ýerine ok degmedi. Şonda ol içinden: «Beh, dogrudanam aljak dälmikän-aýt», diýip öz ýanyndan oýlandy-da, peýkam deý süýnüp gelýän atynyň başyny çekdi. Öz maýdalyna goýberdi. Eýeriň üstünde synasyny dik tutdy. Oňa çenlem diwara golaýlady. Hälki ýigitleriň:

— Gördüňmi? Indi ynandyňmy? – diýýän sesleri gulagyna geldi. Gyjalata galmazlyk üçin, yzyna öwrüläge-de, soldatlaryň başga bir toplumynyň üstüne at goýasy, tä, ok degip ýa gylyçdan ýaralanyp jan teslim edýänçä döwüşesi geldi. Emma, ol beýtmeli bolmady. Hatda at başyny öwürmäge-de ýetişmedi. Edil, ýagyrnysyna ot basylan ýaly boldy-da, özi-de bilmezden arkan gaýyşdy. Jylaw elden gaçdy. Ol atdan agaýmakdan zordan saklandy. Zoraýakdanam dikeldi. Soň, eglip atynyň boýnundan gujaklady. At badyny öňküsindenem gowşatdy. Eýesi haýsy tarap agsa, o-da şol tarapa buruljyrady. Ony galanyň düýbüne getirdi. Garymyň içindäki mergenleriň bäş-alty sanysy ylgaşlap gelip aty jylawladylar. Garabatyry götergiläp düşürdiler we ýerli-ýerden goldaşyp, derwezä tarap alyp gitdiler. Gala girensoňlar kim donuny, kim çäkmenini ýazyp, üstünde ýatyrdylar. Oňa çenli diwaryň üstündäki ýigitlerem „güpürdeşip“ aşak düşdiler. Olaryň sesleri gulagyna inen bolsa gerek, Garabatyr çalarak gözüni açdy. Kirpiklerini süzgekledip ýigitleriň ýüzüne garady. Eýýämhaçan tebsirän dodaklaryny zordan gymylatdy:

— Nätdi?..

Ýigitleriň oňa: «Oňarmadyň, Garabatyr, oňarmadyň. Beýtmeli däldiň. Ýigitleri başsyz goýmaly däldiň. Her kim şeýdip ýerli-ýerden gidiberse galany kim gorar» diýesleri geldi. Emma indi giç. Boljak iş boldy. Ýaňky sözüni tamamlap-tamamlamanka Garabatyr gözlerini ýumdy. Özem müdimilik ýumdy. Şonuň üçinem töwerek-daşdan.

— Ol sözünde durdy.

—Howwa, aýdanyny etdi.

— Şehit boldy.

— Öz aýdyşy ýaly amanadyny eýesine elinjek gowşurdy.

— Dünýäniň azabyndan dyndy.

— Onuň üçin indi uruş gutardy – diýen ýaly gam gatyşykly sesler başly-barat eşidildi.

Garabatyry zemmere ýükläp, Diňlidepä tarap alyp gitdiler. Edil şol wagt toplar täzeden işläp başladylar. Bu nobatdaky arakesmäniň tamamlanandygynyň alamatydy.

1881-nji ýylyň 8-nji ýanwar günündäki hasabata görä, galany goraýjylaryň sany on bäş müň adama çenli artdy. Şol müňlerçe adamyňam hersiniň öz orny bar. Hersiniň öz etmeli işleri bar. Mergenler henizem diwaryň daş ýüzündäki garymlaryň içinde. Olaryň wezipeleri mümkingadar duşmany gala golaýlaşdyrmazlyk. Diwaryň üstündäki ýigitler bolsa iki ýana gezmeleşip ýörüşlerine tä, Gün ýaşýança duşmanyň her bir hereketlerine gözegçilik edýärler. Ondan soň galanyň gözegçiligi garawullar goýmak arkaly hasam güýçlendirilýär. Gijesine garymlardaky mergenlerem tä, ertie çenli çirim etmän çykýarlar, garawulçylyk çekýärler. Duşman tarapyndan sähelçe üýtgeşik hereket boldugy ýa gara-gura göründigi olara tarap ot açýarlar. Diwaryň üstündäkileriňem ot açmaly bolýan pursatlary az däl. Çünki, soldatlar gijäniň garaňkylygyna duwlanyp, tranşeýalar gazmak arkaly kem-kemden gala tarap süýşýärler.

Şol tarapdan duşmanyň çozaýmagy ahmal hasap diýlip güman edilýändigi sebäpli, galanyň günorta-günbatar çetinde, ellerinde uzaga atýan ors berdankalary bolan ýigitleriň uly topary ýerleşdirildi. Gaty bir howply däldigi üçin demirgazyk tarapdaky girelgede gijesine segsen, ýüz adamdan köp garawul goýlanok. Şeýle hem gijelerine galada ot ýakmak gadagan.

Tranşeýalar bilen mergenleriň ýatan garymlarynyň arasy barha golaýlaşýar. Şol tranşeýalar bilen bilelikde soldatlaryň özlerem golaýlaşýarlar. Howp salýarlar. Hut şol sebäplem soňabaka mergenleri garymlardan çykaryp galanyň içine salmaly, diwarlaryň üstüne çykarmaly boldy. Şondan soň soldatlar dert-azar garyma golaýlajak, içinde näme baryny biljek bolup jan etdiler. Ýöne, şolar ýaly-da galanyň üstündäki ýigitler:

— Duruň! Garyma golaýlaşmaň! Içine seretmäň! – diýip, haýbatly gygyryşdylar, onda-da çekilmeseler, oka tutdular.

...4-nji ýanwar gijesi bolan çozuşda iki tarapdanam ölenleriň jesetleri ýygnalmandy. Tranşeýalardan çykmaklygyň howpludygy sebäpli, soldatlaram öz adamlaryny gömüp ýetişmediler.

Iki günden soň jesetler ynjap başlady. Köpçülikleýin gyrgyn getiriji keseliň döräýmeginiň ahmaldygy ýüze çykdy. Şonuň üçin doktor Geýfelder goşun başlygy, general Skobelewe lageri alaň-açygrak bir ýere göçürmekligi maslahat berdi. Ýöne, general muny iňňän ýokuş gördi.

— Nä-äme-e?! Nä-ä-me-e?! Şular ýaly şöhratly ýeňşiň, döwlet ähmiýetli, taryhy wakanyň alnynda durkam sen maňa haýsydyr bir döräp biläýjek kesel sebäpli yza süýşmekligi teklip edýäňmi? Bilýämiň seň munyňdan nämeleriň ysy gelýä? Bilýäňmi seni muň üçin näme etmeli?.. – diýip, onuň üstüne dyzady.

Wraç adamkärçilik etdi. General gepläp bolýança sesini çykarman diňledi. Ahyram ýuwaşlyk bilen:

— Juda bolmasa bir günlükçe atyşygy bes ediň. Ýeke biz däl, goý, tekelerem öz ölülerini jaýlasynlar, häzirki ýagdaý iki tarap üçinem howply – diýdi.

Skobelew onuň bu pikirine garşylyk bildirmedi.

Iki tarapyňam öz jesetlerini ýygnamaklary üçin wagtlaýynça atyşygy bes etmek baradaky teklibi patyşa goşunynyň ofiseri, podpolkownik Ýomudskiň galanyň üstündäkilere tarap gygyryp aýtdy. Bu ikiarada bir pirim bardyr öýdüp tekeler ölülerini ýygnamaga çykmadylar. Sebäbni gizlemek üçin, bolsa Ýaňygalaly Hajymyrady Skobelewiň ýanyna gepleşige iberdiler-de, özleri gyssagly suratda Magtymguly hanyň öýüne, maslahata ýygnandylar.

Hajymyrat eli ýalaňaç gylyçly, diwardan howlukman düşdi-de, äwmezlik bilen Skobelewiň duran depesiniň düýbüne bardy. Ýüzüni aktam edip durşuna galada esasy ýolbaşçylaryň ýokdugyny, olaryň guma çekilendiklerini, özüniň bolsa meýitleri ýygnamak baradaky meselüni çözüp bilmeýändigini aýtdy.

Ýigidiň omurdanlary somalyşyp duran süňklek eginlerine, bereketli ýüzüne, elindäki ýalpyldap duran egri gylyja seredip durşuna general pessaýja gürledi.

惘 Onda näme üçin geldiň meň ýanyma?

惘 Ýagdaýy aýt , diýip, meni bu ýere köpçülik iberdi.

惘 Onda senem bar-da köpçülige aýt, dessine galany tabşyrsynlar. Ýogsam, maşgalalaryňyz heläk bolarlar.

惘 Heläk bolmazlar – diýip, Hajymyrat elindäki gylyjynyň ujuny ýere diräp, aýaklaryny çalşyryp durşuna «pert-pert» gürledi. – Biziň maşgalalarymyzyň daşy berk goragly.

悃 Ojagaz garagyňyz basym synar.

悃 Synmaz.

悃 Onda sen näme hakda gürleşmäge geldiň meň ýanyma?

悃 Uruşsalar-a gelsinler-de,adam şekilli mert uruşsynlar, bolmasa-da, beýdip topa tutup durmasynlar, diýdiler.

悃 Bolýa. Men seniň batyrlygyňa hormat goýýan. Şonuň üçinem saňa degjek däl. Ýöne, galada han-begler ýok, diýeniňe welin ynanamok. Gowusy sen bar-da, olara aýt, biz meýletin boýun bolanlaryň hemmesiniň günäsini geçjek. Hiç kimi jezalandyrjak däl.

悃 Ony Hywa hanyndan soramak gerek.

悃 Näme üçin?

悃 Sebäbi biz onuň raýaty.

Orsyýede resmi suratda birikdirilenine birnäçe ýyl geçendigine gözi ýetip durka-da bu sada çöl gurdunyň beý diýip durşy Skobelewi diýseň geň galdyrdy. Şeýle-de bolsa ol oňa bu barada ýatlatman durup bilmedi.

悃 Hywanyň özi Russiýanyň raýaty bolup dur. Şonuň üçinem ol bu meselä goşulyp bilmez.

悃 Şonda-da biz siziň ýaňky aýdanlaryňyza razy bolup bilmeris. Sebäbi, ynanmaýarys. Çünki, siz biziň ýaraşyk baradaky öňki tekliplerimizi kabul etmediňiz. Iberen wekillerimizi orta ýoldan yzlaryna gaýtardyňyz. On iki sany ilçimizi bolsa aýaklaryndan asyp öldürdiňiz. Şonuň üçinem, biz siziň geçirimlilik baradaky wadalaryňyza ynanamyzok.

悃 Ol wagt men galadan ep-esli uzaklykdadym. Häzir bolsa lukma dişlerimiň arasynda dur. Ýekeje gezek gäwüşesem baryňyz «düňküldäp» aýryma düşýäňiz. Men indi soldatlarymy aýamaly. Olaryň her biri meniň üçin uly baýlyk. Birini sag-aman enesine gowşar ýaly etsem bir peýda.

悃 Niýetiňiz-ä gowy ekeni, serkerde, ýöne şol rehimdarlygyňyzy näme üçin galanyň içindäki gyrgynçylyklar babatda ulanmaýarsyňyz?

Skobelew güldi.

悃 Her zadyň öz hasaby bar.

Jemi ýedi-sekiz minuda çeken netijesiz gepleşikden soň, Skobelew Hajymyrady goýberdi.

惘 Janyňy aýa, Hajymyrat. Gala barybir synar. Eger-de biz girýänçäk ölmeseň men saňa aman bererin...

Skobelew Hajymyrady tä, galanyň derwezesinden girýänçä gözi bilen ugratdy .

...Bu wagt Magtymguly hanyň öýündäki maslahatam jemleniberipdi. Garalan mesele şu: Urşy soňuna çenli dowam etdirmelimi ýa boýun egmelimi? Köpler mundan artyk adam ýitgisini çekmezlik üçin, boýun bolmaklygy teklip etdi. Gurbanmyrat işan tolguna-tolguna Kerimberdi işanyň ýüzüne seretdi:

惘 Men boýun bolalyň-a diýjek bolamok,  ýöne, Orazmämmet han bilen Hanmämmet atalygyň aýdanlary dogry bolup çykdy. Başda şolara gulak asan bolsak munça pida çekmezdik. Indem näme... Ant içildi... Şert edildi ... Galanynam... Özüňiz bir zat diýäýmeseňiz..

Aladaly ýüzüni aşak sallap oturan Kerimberdi işan belli bir zat diýip ýetişmänkä Dykma serdar dillendi.

惘 Indi giç, uruşdan başgasy hiç işan aga. Yza gaýdara ýol ýok. O hakda agzabam oturmaň. Boýun bolanyňyz bilen gyrgynçylykdan syparysam öýtmäň.

Hemişe bolşy ýaly ýaş batyrlar bu gezegem gyzmaçlyk görkezdiler. Öýüň daşynda, gulaklaryny tärime ýaplap oturyşlaryna gürrüňiň barlyşyk barada barýanyny eşidip, «gürre» ördüler-de, gylyçlaryny syryp maslahatyň üstüne döküldiler. Hiç hili ylalaşyga ýol bermejekdiklerini, egerde, aýdanlary bolmasa häziriň özünde hemmesini tussag edip, söweşiň indiki ykbalyny öz üstlerine aljakdyklaryny aýtdylar.

Dykma serdar olary köşeşdirdi. Ýagdaýy, bolan gürrüňleri düşündirdi. Hiç hili eglişigiň bolmajakdygyny aýtdy.

Oňa çenlem Hajymyrat geldi. Ol general bilen bolan gürrüňleri birin-birin beýan etdi. Generalyň eglişige çagyrýandygyny gala meýletin tabşyrylsa hemmelere aman berjekdigini hem aýtdy.

Emma maslahat özüniň ýap-ýaňyja çykaran kararyndan dänmedi.

Maslahaty jemlejek wagtlary Orazmämmet han özüne mahsus bolan agraslyk bilen:

Mende bir söz bar adamlar – diýdi. – Şu gün ir bilen diwara çykanymda meniň bir zada gözüm düşdi. Duşmanyň garymlaryndan gala tarap gaýdýan giňişlikdäki meýdanyň ep-esli ýeriniň oty-çöpi gurapdyr. Topragyň reňki üýtgäpdir. Özem edil araba ýoly ýaly uzyn zolak bolup gelýär. Çakym çak bolsa

olar ýa-ha ýeriň aşagy bilen gelip gala girmekçi bolýalar, ýa-da däri goýup diwary ýarjak bolýalar – diýdi.

惝 Ýaryp bilmezler – diýip, Dykma serdar howlukmaç gepledi. – Sebäbi, bular ýaly mähnet galany ýarjak bolsaň bir kerwen däri gerek. Ýeriň pessi bilen gala girjek bolsalaram, goý, gelibersinler. Gezek-gezegine nobatçylyk çekeris-de çykanynyň kellesini kakar durarys.

Orazmämmet han janyndan syzdyryp gepledi .

惝 Bu, uly döwlediň goşuny, Öwezmyrat. Biz ýaly iliň atan okuny çöpläp ýa akbaş bilen çaý gaýnadyp ýören dagynak halk däl. Gyzylarbada çenli bolsa otlysy gatnap dur. Şoň bir magunyny ýükläp iberselerem seň on kerweniňçe bolar.

惝 Aý, diýseň-diýmeseň Orazmämmet onça däri-hä tapyp bilmeseler gerek – diýip Gurbanmyrat işanam Dykma serdaryň tarapyny tutudy. – Ýöne, seň aýdanlaryňy maglumat hökmünde kabul ederis. ─ Ol Kerimberdi işanyň ýüzüne seretdi.

Özünden belli bir jogaba garaşylýandygyny aňan işanlarbaşy adamlary uzak garaşdyrmady.

惝 Bu wagt ölçäp-biçip oturara wagt ýok. Ras, duşman bize tarap ýeriň pessi bilen gelýärmi, biziňem ony ýeriň pessi bilen garşy almagymyz gerek.

Dykma serdar oňa tarap egildi.

惝 Garşylyklaýyn garym gazmalymy?

惝 Garşylyklaýyn garym gazmaly. Diwara ýetmänkä şol zolak bolup gelýän garymyň öňünden çykmaly we oňa suw goýbermeli.

Gurbanmyrat işan ýeňillik bilen dem aldy.

惝 Men-ä goldaýan şu maslahaty adamlar, siz nähili?

惝 Bizem goldaýas!.. – diýen sesler sanap çykardan has köp boldy.

Arakesme yglan etmek bilen patyşa goşunynyň hiç hili hile gurmaýandygyna Hojamyradyň sözleerinden soň magat göz ýetiren maslahat meýdanda ýatan jesetleri ýygnamak barada jemagata buýruk berdi.

Mundan buýanky göreşiň diňe abraýly ölmek üçin alnyp baryljakdygyna indi maslahaty alyp barýanlaram, halkam magat düşündiler. Elbetde, entek ýeňişe ynamyny ýitirmedik, ruhy taýdan ejizlemediklerem az däl. Şolaryň birem Ruhy batyr. Cünki, ol erkin. Daşy galalam däl, galasynyň daşy gabawlam däl. Onuň penasy Garagum. Düşegi ak çäge. Ýapynjasy gök asman. Baýdagy ýaşyl şemal.

Gala synaýanda-da Garagum synmaz. Ak çägesini gök asmanyny, ýaşyl şemalyny hiç kim onuň elinden alyp bilmez. Kim boýun egse-de, ol duşmana boýun egmez.

Näme üçindir şol wagt maslahatçylaryň hemmesiniň ýadyna şol düşdi. Edil, oaryň islegini aňan ýaly, Ruhy batyr Magtymguly hanyň gapysynda peýda boldy. Ekabyrlar ony hormat bilen garşy aldylar. Ýagdaýlaryny soradylar. Ýerasty ýarym baradaky pikirini soradylar.

– Şu barada mende-de maglumat bar – diýip, ol aýtdy. – Olar diwary partlatmakçy bolýarlar.

Şondan soň ol henizem bolsa guma çekilip, urşy özlerine mahsus bolan «çoz teke», «gaç teke» görnüşinde dowam etdirmekligi, öňi bilenem maşgalalary Tejene, Mara eltip gelmekligi, iň bolmanda gorag astynda ugratmaklygy, halys bolmasa häzirlikçe guma döküp gaýtmaklygy teklip etdi. Ýöne, muny ýeke bir ekabyrlar däl, ýaş batyrlaram göwnemediler. Çünki, häzir galadan çykyp gitmeklik duşmana boýun egmeklik bolar diýen düşünje hemmeleriň beýnisinde berk ornaşypdy. Galyberse-de, indi galanyň gabawy güýçli we duşman halkyň öňküleri ýaly arkaýyn, onda-da köpçülikleýin girip-çykyp durmagyna ýol bermez.

Ruhy batyr özüniň öňküleri dek goraýjylara galanyň daşyndan goltgy berip durmajakdygyny aýdyp, ekabyrlar bilen hoşlaşdy.

Ol indi galadan çykyp guma siňmelidi. Ýöne, ençeme ýyl duzuny iýen ojagyndan habar tutman ol nädip gitsin? Hakyda molla bolmasa-da ol öýde Enehakyda bar ahyry. Söýgüsini ret edenem bolsa, ol iň bolmanda onuň bilen dogan hökmünde, öz naçary hökmünde görüşmeli, hal-ahwal soraşmaly. Belki, kömek gerekdir? Ahyrzamana meňzeş bu aldym–berdimli günlerde belki ol aljyrap ýörendir?

Emma ol Hakyda mollanyňka gitmeli bolmady. Maslahatyň gapysyndan çykyp-çytykmanka, daş işikde Enehakyda peýda boldy. Gyz Ruhy batyry görüp ýaýdandy. Iki ýana keýerjekledi. Gözlerine ýaş aýlady. Tolgunmakdan ýaňa eýýämhaçan titräp ugran dodaklaryny çalaja gymyldadyp salam berdi. Yzyndanam:

– Ruhy, barman gidiberjekmidiň – diýdi.

– Barjakdym. Ýöne, özüň gabat geläýdiň. Gowy bolaýdy. – Ýigit gyzyň özüni gözläp däl-de möhüm bir söz bilen maslahata gelendigini aňdy. Gapydan bir gapdala çekildi. – Giriber Enehakyda.

Enehakyda şol bir gyz çekinjeňligi bilen uýaljyrap gapydan girdi. Iç işikde ýeňi bilen agzyny ýapyp, gyýa bakyp durşuna maslahata salam berdi.

Ýaşulular ýerli-ýerden onuň salamyny aldylar. Bir gyradan ýer görkezdiler. Oňa çenlem Enehakyda:

惘 Siz meni bagyşlaň, men bu ýere atamyň iň soňky sözýni size ýetirmek üçin geldim.

Kerimberdi işan usullyk bilen baş atdy.

惘 Aýdyber gyzym. – Ol bir gyra tarap baş atdy. Özüňem geç, ho-ojagaz ýerde oturyber.

Enehakyda görkezilen ýere geçmedi. Birtopar erkek adamyň arasynda aýak epmäge ejap etdi.

惘 ...Ýadyňyza düşýän bolsa, Diňlidepäniň üstünde aýdan iň soňky hakydasynda atam: «Türkmen bir gurtdur, onda-da çöl gurdudyr. Ol hiç haçan, hiç kime boýun egmez» – diýipdi. Şol gün agşam öýe gelenimizden soň men ondan: «Ata birdenkä gurt gapana düşňýse näme» diýip, soradym. Şonda ol: «Hakyky gurt hüşgärdir, aňsat gapana düşmez, aýagy bilen basmazdan öň ol üstüne gar peşär, gum tozadar garaz, gapanyň dilini ýazdyrar, bardy-geldi düşäýse-de, duşmanydan sypmak üçin, öz aýagyny dişi bilen kertmekdenem gaýtmaz» – diýdi. «Aýagyny kertmezden öň gapan eýesi gelip gurdy gola salaýsa näme? Uruna-uruna ysgyndan gaçan gurduň garşylyk görkezere halys mydary galmasa näme?» diýip, men ýene-de atama sorag berdim. Atam: «Ol şonda-da boýun bolmaz. Özi boýun bolsa-da ruhy boýun bolmaz. Öläýende-de, öldürip derisini çöpe serňýenlerinde-de boýun bolmaz. «Şol bir erkanalygy bilen gider» – diýdi. Men egerde bir söý bilen boýun bolaýsa näme» – diýip ýene-de sorag berdim. «Onda onuň gurtlugynyň gutardygydyr» , diýip, atam gamgyn halda jogap berdi. Şondan soň ony öňüňde kese ýatyryp, syňragyndan sim geçiräýeniňde-de sesini çykarmaz. Garşylyk görkezmez. Asyl, ýüzüňe gaňrylybam bakmaz. Sebäbi ol indi gurt dül. Onda indi dogum, gaýrat ýok. Ejiz. Naçar...» diýdi. Enehakyda sözüne dyngy berdi-de, çalarak gabagyny galdyrdy. Ýöne, hiç kimiň ýüzüne seretmedi. Ähli zady gözüniň gytagy bilen gördi, her bir gymyldy hereketi gulagy bilen eşitdi, öz sözleriniň täsirini tutuş süňňi bilen syzdy. – Men size ine, şuny aýtmana geldim, agalar. Atam ornunda durup sizden etjek haýyşym şu: Gurduň gurtlugy gutatmasyn, dogumy ýitmesin, syňragyndan sim geçmesin. Erki synmasyn. Watany gorap ölmek aýp däldir, diri galmak üçin Watany gaýrylara bermek aýpdyr. Namysdyr, ardyr. Esasanam ant içilenden, şert edilenden, mukaddes kitabyň üstünden ätläp geçilenden soň... Biz indi ýa almaly, ýa ölmeli. Gala synaýanda-da duşmana boýun bolmaly dül, göreşi dowam etdirmeli...» 惘 Enehakydanyň bu sözlerinden soň maslahata elhenç bir ümsümlik aralaşdy. Her kim böwrüni diňledi. Hemesem ata ornunda durup, hakyda hökmünde gürlän gyzy

mamla hasap etdi. Her kim oňa öz ýanyndan buýsandy. Her kimiň kalbyna soňky günlerde tas ýiteňkirläberen şol bir öňki buýsanç, dogum duýgusy dolanyp gelen ňaly boldy. Esasanam öýüň daşynda duran ýaş batyrlaryň ýürekleri joşdy. Heňjana geldi. Olar içki hyjuwlaryna bäs gelibilmän, gum tozadyp, ýerlerinden «tarsa-tarsa» tasap turdular-da, gylyçlaryny depelerinde bulaýlaşyp duruşlaryna:

惘 Ýaş-şa-a! Ýaş-şa Enehakyda-a! – diýşip gygyryşdylar.

Olar köşeşenlerinden soň köpçüligiň depesinde Kerimberdi işanyň ýakymly owazy ýaňlandy.

惘 Hudaýa şýkýr, hakydamyz-a ölmündir.

Onuň bu pikiri ni hemmelerem alyp göterdiler.

惘 Hakyda mollanyň azaby ýerine düşüpdir.

惘 Hakydasy bilen ruhy ölmedik halky hiç kim ýeňip bilmez.

Häliden bäri öýkenini ýellendirip dolup-daşyp oturan Orazmämmet hanam agras häsiýetine mahsus bolmadyk joşgunly ses bilen, adatdakysyna görä has batly gepledi.

惘 Hakyda hak aýdýar: Başymyzyň ýere togalandygy, ganymyzyň topraga garyldygy biziň ýeňildigimiz däldir. Galanyň synmagam, näçe wagta çenli dowam etjekdigi näbelli bolan baknalygam biziň ýeňilendigimizi aňladmaz. Biz ölsegem öz topragymyzyň üstünde döş erip öleris. Gala synsa-da söweşi dowam etdireris. Ruhy batyr ýaly gaça uruş ederis. Şo-da biziň ýeňşimiz boar. Agyr toplar, atgyr tüpeňler, agyr goşun bilen, elinde sowuk ýaragyndan başga hiç hili söweş guraly bolmadyk sada çarwa halky basyp alan döwlet hiç haçan ýeňiji bolup bilmez. Hiç kim onuň ýeňijiligini ykrar etmez. Basybalyjynyňky bolsa bäş gündir. Ony barybir taryh näletlär. Ähli zady ýerli-ýerinde goýar. Iň bolmanda indiki nesillerimiz bize gyňa göz bilen garamazlar. Olar öz ata-babalarynyň görkezen gahrymançylyklaryna buýsanarlar. Galany aňsatlyk bilen bermändiklerine, onuň her bir daban ýeri üçin «katra-katra» ganlar dökendiklerine düşünerler. Bu biziň öz adymyzy taryhyň sahypalaryna öz ganymyz bilen gylyçlarymyzyň ujy bilen ýazdygymyz bolar...

Orazmämmet hanyň bu sözüni eşidip daşarda duran ýaş batyrlar öňküdenem beter has hyjuwly gygyryşdylar.

Şondan soň han-begler Enehakydanyň hut özüne alkyşly sözleri sag bolsunlar aýtdylar. Hakyda mollanyň sargydyny ýerine ýetirmek üçin iň soňky demlerine çenli söweşjekdiklerini aýtdylar.

Gyz uýat bir iş eden ýaly, «çym-gyzyl» boldy-da, ýüzüni tutup çykyp gitdi. Çünki, bu onuň köpçüligiň, onda-da erkek adamlaryň içinde özbaşdak orta çykyp, ilkinji gezek söz sözleýşidi.

Ruhy batyram onuň yzysüre çykdy. Yzyndan ýetdi. Öýlerine çenli ugratdy. Halyny sorady. Gyz:

惘 Meň halym hiç, Ruhy, halkyňky agyr 惘 diýdi.

Ruhy batyr onuň bu sözüne jogap bermedi. Bar zat onsuzam düşnükli. Üstünden gije-gündiz ot ýagyp duran halkyň halyny häzir bir ýa iki söz bilen ýeňlederden çökderräk. Şonuň üçinem ýigit öýe girenden soň sessiz-üýnsiz ojagyň başyna geçdi-de duz datdy. Hakyda mollanyň hatyrasyna doga okady. Töwir galdyrdy. Turjak wagty Enehakyda seredip bir zatlar diýjek boldy. Emma hernäçe hyýallansa-da, hiç zat diýip bilmedi. Iň soňky gezek bolan şo-ol, gürrüňçilikden soň, dogrusy Enehakyda blen öz duýgusy barada gürleşere oňa zadam galmandy. Şonuň üçinem ol uludan demini aldy-da, gapa golaýlady. Çykdy. Yzyna öwrülibem:

惘 Hoş onda, Enehakyda! Ýeňişli günlerde görüşmek nesip etsin – diýdi.

Enehakyda topulyp gelip iç işikde saklandy. Iki elinem söýä diräp, tolgunyp durşuna gözlerinden ýaş döküp:

惘 Aýdanyň gelsin, Ruhy – diýdi.

Ruhynyň ol gözlere seredip durmaga mejaly ýetmedi. Bütin göwresi bir demde lerzana gelen ýigit uly-uly ädimler bilen Diňlidepä, atyny goýan ýerine tarap ugrady.

Galanyň tabşyryljak däldigi, söweşiň dowam etdiriljekdigi baradaky habary ýaş batyrlar dessine, uly höwes bilen, diwaryň üstündäki netijä garaşyp duran ýigitlere ýetirdiler. Olaram iki owuçlary bilen agyzlaryny ýelden penalap:

惘 E-eý, öz nejasatlaryna meňzeş saryja oruslar! Derrewiň özünde gazan gabyrlaryňyza giriň, biz häzir atyp başlajak! Urşy dowam etdirjek – diýşip, gygyryşdylar. Duýduryşyň soňuny Garasähet jarçy alyp göterdi. Onuň sesi soldatlaryň arasynda duýduryşdanam beter dowul döretdi. Tranşeýalaryň içinde, daşynda gaýda-gaýmalaşyk köpeldi.

Öýlän sagat iki bolandanam, tekeler ot açyp başladylar. Şonuň bilenem, uruş täzeden başlandy.

Jesetleri ýygnamak üçin yglan edilen ýaraşyk öňli-soňly iki ýarym sagat dowam etdi. Şol döwrüň içinde taraplaryň ikisem wagtlaýyn ýaraşygyň düzgünini doly berjaý etdiler. Hiç hili uruş we uruş üçin taýýarlyk alamatlaryny amala

aşyrmadylar. Orslaryň bir utan zatlary: jesetler ýygnalan döwründe, galanyň daş ýüzündäki garymyň içiniň boşdugyny gördüler.

## 9. Galanyň synmagy

Orazmämmet hanyň çaky dogry bolup çykdy. Orslar hakykatdan-da, ýeriň pessi bilen galanyň düýbüne çenli lagym gazyp, astyna-da ýetmiş bäş put däri goýdular. Ony partlatmaklygy bolsa, 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwaryna bellediler.

Dogry, maslahatda karar edilişi ýaly, tekelerem garşylyklaýyn garym gazdylar, ýöne, birinjiden-ä hiç hili ylmy tejribeleri, tehnikalary, ölçeýji gurallary bolmadyk sada halk orslaryň gazyp gelýän garymlarynyň çuňluk derejesinem, gelýän ugrunam dogry kesgitläp bilmedi, ikinjidenem ýetişmedi. Çünki, garşylyklaýyn garym gazmak barada maslahat edilen gün bilen galanyň partladyljak gününiň arasynda bary-ýogy dört gün galypdy.

Skobelewiň maksadyna görä, partlaýyşyň soňy aýgytly hüjüme sepleşip gitmeli. Munuň üçin ol goşun bölümleriniň hersiniň durmaly nokatlaryny, hereket etmeli ýoldaşlaryny belledi. Haýsy bölümiň hüjüm etmelidigi, haýsynyň hüjümçileri goramalydygy, haýsysynyň ätiýaç üçin bukuda durmalydygy barada görkezme berdi.

— Erkek adamlary, ýesir almaly däl - diýoip, ol ofiserlere berk sargady – Barysyny gyrmaly. Galanyň içindäkilerem gyrmaly, çykyp gaçanlarynam yzlaryndan ýetip gyrmaly. Diňe gyrmaly.Gyrmaly, gyrmaly, gyrmaly...

Eýsemde, bolsa ol aýgytly hüjümi näme üçin, ala-böle 12-nji ýanwara ors yrymyna görä, hepdäniň agyr güni hasap edilýän duşenbä belledikä? Bu barada ondan hiç kim sorap blmese-de, goşunyň baş wrajy, generalyň iň ýakyn hem hemişelik söhbetdeşi doktor Geýfelder ertir hüjüm diýlen güni soramaga het edip bildi.

— Näme üçin diýýäňizmi? – diýip, general berlen soraga begenýändigini gizlejegem bolman, joşgunly gürledi. – Sebäbi, şol gün Pawel birinjiniň Hindistana ýöriş etmek barada Don polkuna buýruk beren gününe ylaýyk segsen ýyl dolýar. Emma, Paweliň ölmi zerarly ol ýörişi amala aşyrmak mümkin bolmady. Ine, bize welin şol uzak ýoluň başlangyjyna düşmek başartdy. Nesip bolsa ony soňuna çenli dowam etdirmek hem başardar, diýip, umyt edýän – Skobelew doktora seredip ellerini ýaýdy. – Ine, men näme üçin hüjümi şol güne belledim. Ikinjidenem şol gün meniň mundan bir ýyl öň Beýik Imperator Aleksandr üçünji tarapyndan goşunbaşlygy edilip bellenen günüm. Mundan başga-da, men bu hüjümi

«Roždestwo» baýramçylygyna bagyşlaýaryn. Goý, bütin Orsyýet, Isa pygamberiň doglan gününi baýram edip oturan pursaty tekeleriň boýun egdirilendigi baradaky hoş habary hem eşitsin. Şatlyklaryna şatlyk goşulsyn. Urşuň halka ýeke bir ölüm-ýitim gam-gussa däl-de, şatlyk hem getirip bilýändigine düşünsinler. Onsoňam, hormatly doktor, 12-nji ýanwar güni Tatýana gni. Şeýle hem Moskwa Uniwersitetiniň düýbüniň tutulan güni. – General sözüne azajyk dyngy berdi-de, ýeňişiň özüne ýar boljakdygyna çigit ýaly hem şübhelenmeýän adamyň badyhowalygy bilen, döşüni gaýşardyp, öýüň içinde iki-ýana gezmeläp başlady. – Gördüňmi, meniň ertirki ýeňşim nähili şanly seneler bilen bagly ekeni. Onsoňam men Hindiguş daglaryna tarap barýan birnäçe tapgyrdan ybarat ýeňişli ýoluň ilkinji menzilini gurdum.

Doktor Geýfelder gaşlaryny gerdi.

— A, indiki menzil nirede?

— Hyratda.

— Haçan?

— Angliýanyň ilkinji gezek Orsyýete dişini syrtardan güni. Onuň harby flotunyň Mermer deňzine ilkinji gezek aýak basan güni.

— Diýmek, onda bu zatlaryň barysynyň düýp sebäbi Angliýa bolýarda?

— Elbetde! Biz hut şol sebäpli bu çöl-beýewanyň içinde şeýdip ýörüs ahyry. Orta Aziýa näme? Hiç zat! Tekeler kim? Hiç kim! Bular biziň üçin kelle agyrdanyňa degýän mesele däl. Päsgelçiligem däl. Bu bir biziň esasy maksada tarap barýan ýolumyzdaky daýanç nokady. Üstünden ötülmesi hökmany bolan tozanly ýol. Düşelge. Uzak ýoldan gelip, uzak ýola barýan ýadaw goşun üçin dynjalga. Russiýanyň esasy harby meýilleriniň amala aşyrylmagy üçin taýýarlyk meýdany. Bular bizi biraz egläp bilerler, ýöne, ýolumyza böwet bolup bilmezler. Men bulary edil ädigime ýelmeşen palçyk ýaly süpürip taşlaryn. Ýok, süpüribem durmaryndа, dik duran erimde aýagymy birki ýola «tarpyldadaryn» welin, palçygyň öz-özi «patlap» ýere gaçar.

Doktor syýasy meseläniň esasy özenine dolanyp geläýenini kem görmedi.

— Angliýa häzirlikçe-hä, biziň bilen hoşniýetli gatnaşykda ýaly.

— Dogry. Häzirlikçe şeýle. Men munuň mundan buýana hem şeýle boljagyna ynanmaýaryn. Onsoňam, bilip goýuň, doktor, iňlisler näçe mylaýymsyraýan bolsalar, şonça-da howpludyrlar. Ahalda we Maryda näçe çalt hem çuň ornaşybilsek, Angliýa bilen aramyzdaky syýasy göreş şonça-da çalt çözüler. Bu nokatlar bize has çalt aralaşmak we onuň iň bir ynjyk ýerlerinden ebşitläp tutmak üçin gerek. Iňlisler häzir Kabuly, Gandahary eýelediler. Indem

Hyrada göz dikýärler. Ýöne, olar häzir Hyrady bada-bat alsakmykak ýa ony öňürti Eýrana bersekmikäk, diýen meseläniň üstünde kelle döwýärler. Eýran bolsa ejiz. Ol Horasana-da, Seýistana-da doly eýelik edip bilenok. Şonuň üçinem, Angliýa, Hyrada tarap hökman süýşer. Hyrat bilen türkmen obalarynyň arasy bolsa, tozap ýatan boş çöl. Ýaltanmasalar bu aralygy iňlisler iki günde geçerler we Hazar deňziniň ýakasynda oturyp, ýagyrnylaryny Güne çoýarlar. Özleri gelmän, Mary we Ahal tekelerini ok-ýarag bilen üpjün edip, bize garşy küşgürmekleri, arkalarynda durmaklary hem mümkin. Iň bolmanda altyn, kümüş bilen türkmenleri ymykly ellerine alarlar...

— Bardy-geldi iňlisleriň Hyrady özleri alman, ýaňky siziň aýdyşyňyz ýaly Eýrana beräýseler nähili bolar?

— Onda, şonuň yz ýany Hyradyň içi olaryň agentlerinden ýaňa porruk uran ýaly bolar. Ana, şol agentleriň türkmenler bilen ýakyndan ysnyşmaklaryna bolsa Eýran döwleti päsgel berip bilmez. Şonuň üçinem, syýasat haýsy tarapa ugur alsa-da, biziň Orta Aziýada öz täsirimizi berkitmegimiz gerek...

— Meniň syýasatdan siz ýaly gowy başym çykanok, Mihail Dmitriýewiç – diýip, doktor Geýfelder äýnegini el ýaglygy bilen süpürip oturşyna gözlerini süzgekledip generala seretdi. – Belki, bu ülke ors hökümediniň daşky syýasaty üçin hakykatdan-da amatlydyr, ony eýelemek zerurdyr, oňa meniň sözüm ýok, ýöne, siz ofiserleriňize tekeleriň erkek göbeklisinden ýekejesinem ýesir almazlyk, gyrmak barada buýruk berdiňiz. Bu ýerde sorag şeýle: Siz bulary ýeňjekdigiňize ynanýarsyňyz, egerde, şeýle bolsa, onda ýeňeniňden soň, ýeňilen halky gyrmak nämä gerek? Bu birhili orta asyrlardaky ýowuz serkerdeleriň eden-etdiliklerini ýatladýar.

— Uruşam bir sungatdyr, doktor, ýöne, munda şahyrana pikirlere ýol bermek bolmaýar. Russiýanyň metbugat sahypalarynda geçen gezekki Gökdepe urşuny ýazgaryp çykyş edenlerem boldy. Esasanam ol wakany rewolýusion meýilli intelgensiýa we buržuaziýanyň wekilleri patyşanyň syýýasatyny garalamak üçin, öz bähbitlerine ulandylar. Men siz hem şolardansyňyz, diýip, biljek däl, ýöne, siz doktor, gumanist. Siz eliňize duşmanyňyz düşse-de bejeräýmeli. Siziň käriňiz şeýle. Men welin harby adam. Men öz şöhratdymy zabun söweşlerim, şanly ýeňişlerim arkaly gazanmaly. Men galalary ýykmasam, ýumurmasam, öýleri, obalary ýakmasam, ýandyrmasam, garşydaşlarymy gyrmasam, gahrymançylyk görkezip, patyşa gowy görnüp bilmeýärin. Onsoňam patyşa hökümeti onlarça ýylyň dowamynda bulara hatlar, wekiller iberdi, agzybirlige, geleşiklere çagyrdy. Emma gulak asmadylar. Orsyýediň ýalbar-ýakardan, hat-petekden gaýry zada güýji ýetmez öýtdüler. Bular entegem ors ýaragynyň güýjüni doly görenoklar. Geçen gezekki uruşdanam dişlerinde et galdy. Top oklaryna dagy özlerine Allanyň

eçilen ýagmyry däldir öýdenoklar. Dogry, türkmenler edermen, batyr halk. Oňa söz ýok, ýöne, güýç görmeseler, töwella tagsyra, abaýdyr-syýasata gulak asanoklar. Bular diňe gutarnykly derbi-dagyn edilenlerinden soň ýeňilendiklerini boýun alarlar. Dünýä taryhynda edermen halk adyny alan arly-namysly türkmenler mundan buýana ýer ýüzünde bolmaz. Meniň bu ýerdäki taryhy missiýam ine, şulardan ybaratdyr. Şeýtmeseň welin, kawkazlylaryň salan güni bu ýerde-de biziň başymyza geler. Ine, onsoň tükeniksiz ýyllara çekjek partizançylyk urşuna-da garaşyber. Iň gowusy ýylany öldür, kellesinem mynjyrat, diňe şondan soň arkaýyn agalyk sürersiň... Siz bolsaňyz... – General elini silkip goýberdi. – Siz bolsaňyz... – Birdenkä onuň sesi peseldi. Ýadawlyk basdy. Aýdan sözlerinden özem gorkan ýaly, tisgine-tisgine dem aldy-da, kiçijik, tegelek stoluň başynda duran arkasy ýaýjykly agaç stula geçdi. – Gel, gowusy bu gürrüňleri goýaly-da, arşa aralaşaly, doktor. Ähli aladalary unudaly. Ertir aýgytlaýjy gün. Meniň kalbymy bolsa häzir elhenç bir ümsümlik gurşap aldy. Nähilidir bir boşluk aralaşdy. Siz bir gaýrat edip ýagşy gürrüňler tapyň-da, meniň göwnümi göteriň, doktor!..

Doktor Geýfelder jübüsinden zynjyrly, tegelek sagat çykardy. Gapagyny açyp gözüne golaýlatdy.

— Wagt ýarym gijedenem geçipdir, Mihail Dmitrýewiç. Gowusy dynç alalyň. Adama şondan gowy rahatlyk beriji, köşeşdiriji zat bolup bilmez.

— O-da bolman durmaz.

Doktor ýerinden turdy.

— Gijäňiz rahat bolsun.

— Siziňkem şeýle bolsun.

1881-nji ýylyň 12-nji ýanwar günem gala hemişekileri ýaly ir oýandy. Her kim bir alada bilen öýünden çykyp gitdi. Uzak gije garawulçylyk çekenler deregine gelenler bilen ýerini çalyşdy. Diwarlaryň üstünde, galanyň içinde gaýda-gaýmalaşyk köpeldi.

Entek howa doly ýagtylyp hem ýetişmänkä, galany goraýjylaryň ünsüni diwaryň partladyljak ýerinden sowmak üçin, Skobelew, polkownik Gaýdarowa öz bölümi bilen, galanyň günbatar ganatyna hüjüm etmekligi buýurdy.

Onuň hasaby dogry çykdy. Hüjüm başlanan badyna, goraýjylaryň köpüsi şol tarapa ýyňdy. Han-beglerem şol ýere ýetmäge howlukdylar.

Gijeki çozuşlaryň birinde orslardan olja alan berdankasyny egninden asyp, Tilkiçi şahyram il deňinde hüjüm edilýän diwara tarap ugrady. Ugramazyndan öň, iç işikde gulaklaryny atyşygyň gelýän tarapyna gerip, gözlerini gap böwürde iňläp ýatan on iki ýaşyndaky ýaraly ogly Geldimyrada dikip durşuna:

— Ogulaý, nesip bolsa şu gün bir täzeje çörek bişirsene. Geldimyrat janyňam dişine köpden bäri gyzgyn çörek degen däldir. Bäşim daýymyň çagalaryna-da dadyr. Olarda-ha ne ata, ne ene hiç kim galmady. – diýip aýalyna ýüzlendi. — Özüňem öýden çykma. Geldimyrat jana göz-gulak bol. Daňysyny täzele. Çörek bişirmäne ýetişmeseňem içi ýylar ýaly bu günlükçe bir okarajyk bulamak bişiräý. Çöregi ertir bişirseňem bor...

Ärini ugratmak üçinmi ýa eýýäm onuň sargydyny berjaý etmek üçinmi, Ogulaý derhal ýerinden turdy.

— Alla ajala sabyr berse ikisinem ederin, Orazmämmet. Sen arkaýyn gidiber. Ilden gijä galma.

Geldimyrat üç gün mundan öň, galanyň içinde ok çörläp ýörkä, golaýynda top oky ýaryldy-da, aýagyndan ýaralandy. Esli wagtlabam idegsiz ýatdy. Iň ýamanam gan köp gitdi. Iki ýana urnup ýatyşyna, oglan aşagyndaky gumy gan bilen garyp alan hamyra dönderdi. Ahyram bir garryja aýal onuň üstünden geldi.

— Heý-weý, jany bar ýaly-la, bu çagaň – diýip, gapdalyna çökdi. Kellejigini ýerden göterdi. Gynanç gatyşykly ysgynsyz ses bilen: – Kim sen... – diýdi. – Kimiň ogly? Adyň näme?

Oglan esli wagtdan soň, zordan jogap berdi.

— Men Geldimyrat. Orazmämmediň ogly.

— Orazmämmediň? Haýsy Orazmämmediň? Orazmämmet hanyňkymy?

— Ýok, Orazmämmet hojanyň...

— Wiý, Tilkiçi şahyryňmy? Wah, wah, sen-ä meň öz ýegenjigim ekeniň. Tanamaýşymy diýsene... – Kempir Geldimyrada goltgy berip ýerinden turuzjak boldy. Emma, mydary ýetmedi. – Azajyk garaş, guzym, men häziriň özünde öýňüze baryp kakaňa ýa ejeňe aýdaýyn.

Çaga ähli yzalaryny unudyp, uly adam ýaly gepledi.

— Öýde adam ýokdur, daýza. Kakam-a diwaryň üstündedir, ejemem ýaralylary daşaýandyr.

Şol wagtam bir ýaralyny söýgetleşip barýan üç sany aýal peýda boldy. Olaryň biri Ogulaý bolup çykdy. Ol kempir bilen baş atyp salamlaşdy. Birdenem onuň goltuklap oturan ýaralysyna gözi düşdi-de:

— Waý, balam! – diýip, bäri gaýtdy. Gelşi ýalam özüni çagasynyň üstüne zyňdy. Kempiriň elinden aldy. Bagryna basdy. – Waý, ganymlar! Waý, ýer ýuwutmyşlar! Meniň çagajygymy nädäýipdirler...

Çaga şol aralykda-da ejesini köşeşdirjek boldy.

— Gorkma eje, meň ýaram agyr däl. Men basym gutularyn. Ýene-de ok çöpläp başlaryn.

Ogulaý bilen Tilkiçi oňa çenlem urşuň şarpygyny az datmandylar. Ilk-ä uluja gyzlaryny aldyrdylar. Ol birnäçe gijeki çozuşlaryň birinjisinde, yzky hatarlarda, ýaralylara kömek edip ýörkä, soldatlaryň öňdäki hatarlardan atan oklarynyň birine uçrap heläk boldy. Ýap-ýaňyja diri çykan derwezesinden öli halda girdi. Soň uluja ogullary Gutlymyradam gitdi. Ol galanyň içinde oňa-muňa kömek edip ýörkä, snarýadyň okundan ýogaldy. Ol neresse özüniň entek ýaşdygyna garamazdan, ok çöplemek, çoýun böleklerini ýygnamak ýaly ownuk-uşak işler bilen meşgullanmaklygy özüne namys bilýärdi, şonuň üçinem, ýaraly daşamak, olara em etmek, mergenlere çörek, suw daşamak ýaly işlere baş goşýardy. «Sen entek ýaş, bu zatlary görseň ýüregiň süýşer» diýselerem: «Bolmanda näme görmän ýörüsmi o zatlary» diýip, köpi gören, tejribeli adamlar ýaly jogap berýärdi.

Şol gezegem ol topbak tutup, özara gürleşip duran gojalaryň üstüne snarýad düşüp, barysynyň külüni asmana sowrulanyny, hersiniň, her tikesiniň «pat-pat» edip bir ýere düşenini gözi bilen gördi. Biriniň-ä elindäki hasasy ýokary göterildi-de, şol ýerde esli mahal «hyz-hyz» edip pyrlandy durdy, soňam aşaklap gaýtdy-da, ep-esli aralykdaky gara öýüň gapdalynda başyny dik ýokary tutup, bagyryp duran gara erkegiň böwrüne «patlap» degdi. Başga biriniň bolsa uzyn ak sakgally çal kellesi togalanyp gitdi-de, baryp, beýleräkdäki tümüň garalyp duran agzyna gapgaryldy, tigirlenip içine girdi. Erbet gorkan bolsalar gerek, daşarynyň öli kelleden has hatarlydygyna garamazdan, göz-açyp ýumasy salymyň içinde «waýda-waý» bolşup, tümden birtopar gyz-gelin çykdy. Indi nirä gaçsakkak diýýän ýaly daş-töweregine keýerjekleşip durkalaram, «güwläp» gelen top oky olaram ýer bilen egsan etdi. Şolardan diňe, çykyşy ýaly yzyna kürsäp uran ýaş gelin aman galdy. Tüme girip barýarka, onuň ýaşyl kürtesi edil baýdak deý pasyrdady.

Kime näme kömek etmelidigini takyk bilmese-de, Gutlymyradam ululary edişi ýaly: «Ýa, Alla!..» diýip, şol tarapa ylgady. Aralykda şyr ak takyr bardy, ana, şonuň ortarasyna barandanam, ed-dil öň ýanynda ýarylan top okunyň ýelginine çiň-arkan gaýtdy. Çaga birbada ýerinden turup ylgaýjak ýalam etdi, ýöne, ýaryk garnyndan «hölp» edip dökülen iç goşunyň agramyna ilk-ä iki dyzynam ýere urdy,

soňam ellerini öňe uzadyp ýüzün ýykyldy. Janhowluna birki gezek agdaryldy. Her gezek agdarylanda-da, guma garylan içegeleri daşyna çolaşdy gitdi oturdy.

Ony şol ýatan ýerinden ertesi tapdylar, çünki, ol ýere soňam yzly-yzyna birnäçe snarýad üşdi-de, jesetleriň köpüsini guma gardy, käbirlerini bolsa tutuşlygyna gömdi. Gutlymyradyňam birýan ýüzünden gaýry ähli ýeri gömülen ekeni. Ony öň özi bilen bile ululara kömekleşip ýören ekabyrrak oglanlaryň biri tanady. Derrewem Tilkiçi şahyra habar berdi.

Egerde, Geldimyratjygam şu ýarasyndan ýa başga bir emgek sebäpli gidäýse, onda, Tilkiçi şahyr dünýeden nyşansyz ötäýmeli. Ýöne, onuň iň soňkuja balasam ajala aldyraýasy gelenok. Şonuň üçinem, ony ýaraly bolan gününden bäri goraglap ýör. Kä öýde saklaýar, kä öýden çykaryp tüme salýar, soň onda-da ynjalybilmän daşary çykarýar, ýene-de öýe salýar, garaz, bir ýerde karar tapanok. Häli-şindi aýalyna ony gözden salmazlygy sargaýar.

«Bolmasa bulamak bişiräý», diýse-de, äriniňem, oglunyňam asyl özüniňem täzeje çörege göwünlidiklerini bilip duran mährem zenan adamsy öýden çykyşy ýaly kendirige ýapyşdy. Ony öýüň ortarasyna ýazdy. Hasyr-husur hamyr ýugurdy. Soň Geldimyrada bir okarajyk bulamak bişirip berdi. Çaga hezil etdi. Derledi. Birhili, dünýesi giňän ýaly boldy. Esli mahal ejesi bilen gürleşip oturdy.

— Eje, sen adamlara kömekleşmäge giderin diýseň gidiber, meň ýagdaýym gowy – diýdi.

— Ýok, oglum, men entek çöregem bişirmeli. Ind-ä alanam bolsa ahmal. – Ogulaý ýerinden turdy-da, hamyrly kerseniniň ýanyna bardy. Üstüni açdy. Aýasy bilen kakyp gördi. – Buw-w... Asyl tas kersenden çykaýan eken-ä bi...

Ogulaý öýünden on ýigrimi ädim aralykdaky tekiz meýdanda gurlan tamdyra ot goýbermäge gitdi. Geldimyrat gapa golaý gelip galanyň içindäki ibirtde-zibirtlige syn etmäge başlady.

...Ho-onha, Gulbatyr serdar bäş-alty sany nökeri bilen aýaklary zynjyrly pars ýesirlerini bir ýana sürüp barýar. Ýesirler galanyň hüjüm edilýän diwaryna tarap howsalaly seredişýärler, özara pyşyrdaşýarlar.

Agtyklary bolsa gerek, bir ýaşuly her eli bilen biriniň golundan tutup, iki sany ýedi-sekiz ýaşlaryndaky uzyn donly, başlary ak üaglyk bilen daňylan gyzjagazlary nirädir bir ýana howlukmaçlyk bilen, idirdedip barýar. Onuň yz ýany bilen bäş-alty sany oral aýalam daýaw çal eşege goşulan, üsti goş-golamlardan,

gap-gaçlardan doly ullakan iki tigirli Hywa arabasyny şol tarapa «şakyrdadyp» geçdiler. Ýene bir araba geçdi, onuň üstünde goş-golamdan başga terslin-oňlyn ýatan üç-dört sany ýaralam bar. Olaryň biri zol-zol başyny galdyrýar-da, galanyň içine göz aýlaýar. Ellerini salgap, kimedir birine, bir zatlar diýip, gygyrýar.

Gulbatyr serdaryň nökerlerinden biri at darydyp geldi-de, eglip, şol ýaralynyň ýüzüne seretdi. Bir zatlar diýdi. Ýaralynyň özüne uzadan elini mähirli gysybam, yzyna dolandy.

Ine-de birtopar gyz-gelin, ýetginjek ýaralylary söýgetleşip alyp gidip barýarlar. Olara gözi düşenden, Geldimyradyňam ylgap baryp şolara goşulaýasy, kömekleşesi geldi. Şol niýet bilenem, gobsunyp, ýerinden turjak boldy, ýöne, galybilmedi.

Honha-da onuň ejesi tamdyra ot goýberip dur. Tamdyrdan çykýan goýy, gara tüsse asman sary uzap barýar. Tüssäniň düýbi gyzyl ot. Ýalyn. Soňabaka tüsse bütinleý sabady-da, tamdyryň agzyndan «gübür-gübür» edip diňe sary ýalyn dillerini ýalmandyrdy durdy.

Eli işde bolsa-da, Ogulaý daş-töweregindäki alas-gopaslykdan gözüni aýryp bilenok. Ony esasanam hüjümiň gidip duran ýerinden göterilýän goh-galmagal haýykdyrýar. Käte-de yzyna gaňrylyp, içinde ýarawsyz ýeke dikrary ýatan öýüne tiňkesini dikýär. Şu ýagdaýda-da özüniň şeýdip durşuna öten-geçenlerden müýnürgejek bolýar.

Birdenem, onuň bäş-üç ädim öň ýanynda elhenç bir «gümpüldi» peýda boldy. Tozan asmana göterildi. Bir salym Geldimyrada ne tamdyr, ne ejesi, hiç zat görünmedi. Ol «zöwwe» ýerinden galanynam bilmän galdy. Ýöne, başy aýlanyp derrew aşak çökdi. Oňa çenlem duman sowuldy. Görse, tamdyryň ýarysy ýok. Ejesiniňem başaşaklygyna ýarpy göwresi onuň içine süsdürilipdir. Ol aýaklaryny däbşenekledýär. Çykjak bolup urunýar, ýöne Geldimyradyň göwnüne bolmasa urundugy saýy aşak gidýän ýaly bolup dur.

Geldimyrada indi öýde durarlyk galmady. Ol emedekläp gapynyň agzyna bardy. Yraň-daraň ýerinden turdy. Bosagadan daşaryk ätledi. Tamdyra çenli bolan aralygy ýykyla-sür'e zordan geçdi. Barşy ýalam ejesiniň alaburugsy bolup duran göwresine ýapyşdy. Bilinden tutup çekdi. Bolmady. Üstesine indi ejesiniň hereketem haýallady. Aşakdan köwsarlap ugran ýalyn indi onuň bütin göwresini gallap aldy. Yzyna dyzamasy galdy. Şol wagt tamdyryň abat galan bölegem ýykyldy-da, Ogulaýyň göwresi öz –özünden ýokary galdy. Dim-dik boldy. Ol kä ýeri durşuna ýalyn, kä ýeri gara köýük, ýene bir ýeri gyzyl jiňžik bolup duran gollaryny dik ýokary göterip bärisine öwrüldem welin, Geldimyrat uly ili bilen «wägirip», özüni arkan zyňdy. Çünki, Ogulaýyň ýüzünde ýüze derek kä ýerinde

ýiti közüň gyzgylt uçgunjyklary köräp duran ullakan, gara tegelek kebap «jyzyrdap» durdy. Şol kebabyň eteginde bolsa eýämhaçan golamtanyň howruna sap-sary bolan üsti dodaksyz iki hatar diş syrtarylyp dur. Geldimyrada şol wagt hut kakasynyň özi gelip: «Gorkma oglum, bu seniň ejeň“, diýse-de, kes-kelläm ynanmajakdygy çyn. Üstesine-de tanap etdimi ýa entek çykmajak janyň enelik duýgusy öz hökmüni ýöretdimi, gyzyl ot bolup duran göwre şol dem otly kesindi ýaly barha alowlap barýan ganatlaryny gerip Geldimyradyň üstüne howala boldy. Berdimyrat öňküsindenem beter çirkin gygyryp ümdüzine gaçdy. Ýöne, ýanýan göwräniňem ony aňsat sypdyraýasy gelmedi. Şeýle-de bolsa uzak gidip bilmedi. Tapdan düşüp ýykyldy. Esli wagtlap çabalandy, togalandy. Soňam hereketden galdy-da, edil üstüne ýag guýlan gury agaç ýaly «gübürdäp» ýanmaga başlady.

Gedimyrat bolsa henizem ulyili bilen gygyryp, onuň daşyndan aýlanyp ýör. Öz ejesidigini bilse-de, oňa batyrynyp bilenok. Batyrynaýanda-da edibiljek zady ýok.

Ahyry onuň özem laky-tak durdy. Oturdy. Göwresine erk edibilmänem ýüregini tutup bir gapdala ýykyldy. Şondan soň ondanam hiç hili gymyldy, hereket bolmady.

Töwerek-daşdan ylgaşyp gelenleriň çakyna görä ejesiniň düşen halyny görüp Geldimyradyň ýüregi ýarylan bolmaly. Sowandan soň Ogulaýyň jesedini öňden üýşürilgi duran aýal jesetleriniň arasyna eltdiler.

Geldimyradyňkyny eltip erkek adamlaryň jesetleriniň arasynda goýdular.

Tilkiçi şahyryň indi bu dünýäde ýekeje-de söýeri galmady.

Galanyň günbatar ganatyna hile hökmünde edilýän hüjümi gaýtarmak üçin duşman bilen jan dalaşyna giren goraýjylaram, asla, galanyň içindäkileriň hemmesinem günorta tarapdan çykan elhenç zenzele aňka-taňka etdi. Ol aýgytly hüjüme geçen duşmanyň kanonadasynyň sesidi.

Sussuňy basyp, özüňi ýere sokup barýan hopukdyryjy gopgun çar tarapa elewreşip ýören aýallary, çagalary öňküdenem beter howsala saldy. Olar bu edrenç gopgunyň nämedigini, nireden gelýändigini, özlerini nirä urjakdyklaryny, haýsy tarapa gaçjakdyklaryny bilmän aljyradylar.

Sagat on birden geçiberende bolsa, galanyň günorta çünkünden öňküdenem has aýylganç, elhenç bir «gümmürdi» eşidildi. Şonuň bilen birlikde-de, köp-köp yhlas we köp-köp umytlar bilen bina edilen galanyň galyň diwarynyň otuz ädimine golaý ýeri aňyňa sygmajak halda asmana göterildi. Galanyň üstünde duran goraýjylaram diwar bilen bilelikde kül bolup asmana sowruldylar. Kanonadanyň sesinden imany göçen halk  bu ahwalaty seljerjegem bolmady. Seljermäne mümkinçiligem bolmady. Beýniler doňdy. Urgy şeýle bir güýçli boldy welin, olar

hatda özleriniň düýşdediklerini ýa huşdadyklarynam bilip bilmediler. Ruhy sarsgyna sezewar bolan halkyň birbada hiç zada aňy ysmady.

Ýöne, ýigitler özlerini basym dürsediler we duran-duran ýerlerinden galanyň ýumrulan bölegine tarap topuldylar. Günbatar diwardaky irki hüjümi gaýtaryp ýören urşujylaram şol tarapa eňdiler. Elhenç tutluşyk başlandy. Hä diýmänem tekeler galanyň ýarylan gädigini eýelediler we dykylyp gelen Şirwan polkunyň 10-njy rotasy bilen garjaşma söweşine girdiler. Siwinsonyň hüjüm edýän kolonnasyny hem güýçli ok atmak bilen serpikdirdiler.

Tekeleriň gaýduwsyzlyk bilen garşylyk görkezýändiklerini görüp, soldatlar ýaýdanyşdylar. Yza çekiljek boldular. Muny duýan Skobelew Şirwan polkuna degişli 3-nji batolýany hem şol ýere sürdi. Olaram güýçli garşylyga sezewar bolanlaryndan soň, elli sany pyýada ural kazaklary hüjüm edýän soldatlary ot açmak arkaly penalap, öňe süýşdiler. Popuçik Lemkulowyň ýolbaşçylygyndaky Şirwan polkuna degişli 9-njy rota we podporuçik Weropanowyň awçylar komandasy goragçylar tarapyndan hasam güýçli garşylyga sezewar boldular.

Şeýle-de bolsa, ýarag taýdan doly üpjün bolmadyk türkmen ýigitleri assa – ýuwaş yza çekilmeli boldular.

Diwaryň partladylan ýeriniň dardygy sebäpli, soldatlar merdiwanlar arkaly diwara dyrmaşdylar we şol ýerden hem oka tutmak, hem raketalardan peýdalanmak arkaly, galanyň ortasyndaky goraýjylara kömege gelýän türkmen ýigitlerini paýhynlamaga başladylar.

Bu garma-gürmelikden peýdalanyp, Skobelew iki kolonnany ýumrulan diwaryň garşysyndaky diwara tarap iberdi. Bu kolonna şol diwardan aşyp geçip, garşylyk görkezýän toparlaryň arkasyndan gelmelidiler.

Olar hut şeýle hem etdiler. Diwardan aşyp gelýän soldatlaryň sanlarynyň artmagy bilen türkmen urşujylary hakykatdanam gabawa düşdüler we ýumrulan diwary taşlap, galanyň ortasyndaky meýdança tarap çekilmeli boldular.

Şondan soň diwaryň üstündäki soldatlaram ýere düşdüler we ajalyň gözüne göni seredip, gazaply söweşler bilen yza çekilýän türkmen ýigitlerini ýakyn aralykdan oka tutup başladylar. Şol pursatda ýigitleriň çykýän ýitgilerini söz bilen beýan eder ýaly däl. Galanyň ýumrulan ýeri, diwarlarynyň düýpleri, ortadaky takyr meýdança, eýýäm biri-birlerine kaklyşyp, terslin-oňlyn ýatan jansyz we sansyz jesetlerden doly.

Soldatlar birbada galanyň oçindäki hatar-hatar edilip, iňňän çür dikilen gara öýleren geçmek kyn bolar, şol ýerde garşylyk has-da zabun bolar öýdüpdiler. Egerde ýagdaý hakykatdan-da şeýle bolaýsa, onda Skobelewiň öňünden belleýşi ýaly, böwsülen diwary ulanmalydylar we tekeleriň hüjümlerini şol ýerden yza

serpikdirmelidiler hem-de, kem-kemden hüjüme geçip, galanyň içine aralaşmalydylar.

Emma bu beýle bolmady. Ilki kanonadanyň ýürek ýaryjy eýmenç sesinden, soň partlaýyşyň heýýalessalasyndan zähreleri ýarylan aýal-gyzlardan, garry gurtulardan, çagalardan ybarat halkyň köpüsi hamala şol ýere barsalar halas bolaýjak ýaly gyssanmaçlyk bilen Diňlidepä tarap bosmana başladylar, ýigitlerem agyr ýitgili söweşler arkaly olary goraglap şol tarapa süýşmeli boldular.

Galanyň günbatar tarapyny has berkitmek maksady bilen, Skobelew ştabs-kapitan Foka öz kolonnasy bilen şol ýere gitmekligi buýurdy. Ýöne, Fok ol ýerdäki gara öýlerde ýygnanan çagalar, aýallar, garrylar üçin aldym-berdimli söweşýän ýigitler tarapyndan iňňän uly garşylyga duçar boldy. Ýigitler gözleri ýok ýaly özlerini göni okuň öňüne tutýardylar, ot açyp duran soldatlaryň üstüne elleri egri gylyçly topulýardylar. Ýagdaýyň öz haýryna däldigini duýan ştabs-kapitan kömek sorap Skobelewe çapar ýollady. General onuň yzyndan ýüz sany pyýada kazagy bilen, podpolkownik Gulýaýewi ugratdy.

Netijede, garşylyk gowşady. Köp adamyň eýýäm çaga-çugalary bilen galadan çykyp ugrandyklaryny görüp,türkmen ýigitlerem garry-gurtulary, naçarlary, çagalary goraglap, uly iliň bosýan tarapyna çekilip başladylar.

Şondan soň Skobelew iň soňky aýgytly hüjüme geçmek barada buýruk berdi. Şol maksat bilenem, maýor Stiwenson iki rota bilen, Diňlidepä tarap göni ugur boýunça iberildi. Aýgytly hüjüme ätiýaçdan üç sany top hem goşuldy.

Hüjüm patyşalyk regulýar goşunyň düzgünine laýyklykda, uly tertip bilen, söweş sazyny çalmak, deprek kakmak, aýdym aýtmak we baýdak göterip gitmek ýaly harby çäreler arkaly hasam şowhunlandyryldy.

Skobelewiň ähli güýjüni Diňlidepä tarap gönükdirendigini görüp, beýleki diwarlarda urşup ýören ýigitlerem şol ýere kömege geldiler.

Bu wagt galanyň içinde urşup ýörenler, ýa-ha partlama pursatyndan bäri başlaryny galdyrman, gelýän gaýduwsyzlardy, ýa-da akyl-huşuny gahar-gazaba bütinleý aldyran garadan gaýtmazlardy. Ine, şolaryňam çaga-kowa, kem-kemden gelip ýeňselerini Diňlidepä diremekleri bilen galanyň, has dogrusy tutuş Ahalyň, belki-de külli türkmen iliniň ykbaly çözüldi. Çünki, ol ýerde şu çaka çenli tutuş söweşe ýolbaşçylyk edip gelen serdarlar, han-begler, işan-mollalar durdy. Yslamyň ýaşyl baýdagam şol ýerdedi. Iň soňky daýanç nokady şoldy.

Ekabyrlaryň başly-barat depeden düşmekleri, baýdagyň bir özüniň çolaryp galmagy, has geň ýerem onuň indi parlamazlygy pasyrdamazlygy galanyň goraýjylaryna «gaç teke» oýnunyň başlanandygyna duýduryş bolup hyzmat etdi.

Munuň gutarnykly ýeňlişdigi, baknalygyň ilkinji pursatlarynyň başlanandygy indi hemmeler üçin äşgär boldy.

Şeýlelikde, 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwar güni, sagat birlerde, Diňlidepäniň üstündäki ýaşyl tug ýatyryldy. Onuň ornuna Şirwan polkuna degişli 3-nji batalýonyň baýdagy dikildi.

Şol wagt galanyň demirgazyk diwarynda bu zatlardan bihabar, entegem gazaply, «garjaşma» söweşini dowam etdirip ýörenler bardy. Olar az, şeýle-de bolsa her biri on soldatyň garşysyna söweşýär. Ýagdaý iňňän dartgynly. Daşyndan seredeniňde olar akyllaryndan azaşana meňzeýärler. Birdenem olardan biriniň gözi Diňlidepäniň üstündäki ýat baýdaga düşdi. Ol ýagdaýa düşündi we

– Ýigitle-er! Biz ýeňildik! Ýöne, gaçmaň! Uruň! Öldüriň! Soň ölülerini sananlarynda biri köp çyksa bir peýda! – diýip, ulyili bilen gygyrdy. – Biziň indi bar edibiljek zadymyz şu!

Ol ýerdäki uruş şondan soň hasam güýjerledi.

Soldatlar şol ýerde örän köp ýitgi çekdiler. Ýöne, olaryňam indi, uruş gutarandan soň öläýesleri gelmeýärdi we aralarynda gaçgalaklaýanlaram tapylýardy.

Ahyram olaryň biri ýoldaşlaryndan saýlandy-da:

– Doganjyklar! Tekeler bilen garjaşmaň! Aralaşmaň! Olarda tüpeň ýok, hemmäňiz yza çekiliň, soň daşda durup barysyny tüpeňläliň – diýip, gygyrdy.

Şo-da ýigitleriň tepbedini okady. Ýöne, birem namartlamady. Tä, ýykylyp galýançalar gylyçlaryny gollaryndan gaçyrmadylar. Gaýtam şol ýagdaýda-da, elindäki gylyçlaryny dalawladyp zyňmak bilen duşmanyň käbirlerini ýaraladylar, öldürenleri hem boldy.

Diwar partlan mahaly, Dykma serdar, Gulbatyr serdar, Orazmämmet han dagylar galanyň günbatar künjünde, daňdanky hüjümiň serpikdirilişine ýolbaşçylyk edip ýördüler. Kanonadanyň sesi, yz ýanyndanam, diwaryň partlamagy birbada olaryňam aňkalaryny aşyrdy. Nämäniň nämedigine göz ýetirenlerinden soň Dykma serdar:

– Hä, käpir namartlady-ow – diýdi-de, Gulbatyr serdara az sanly ýigitleri bilen şol ýerde galmaklygy tabşyrdy, özi bolsa Orazmämmet hany we urşujylaryň agramly bölegini alyp, böwsülen diwara tarap at goýdy.

Olar barýançalar diwaryň ýumrulan ýerini eýýäm soldatlar eýelän ekenler, ýigitler bolsa çykalgany nazarlap söweş bilen yza çekilip barýarlar. Ýöne, çekilmän söweşýänlerem az däl. Olar ýoldaşlarynam tesmezlige, tä iň soňky demlerine çenli söweşmeklige, iň bolmanda maşgalalarynyň galadan çykyp gitmegine maý bermeklige çagyrýarlar. Olar dogabitdi mertler we ölümlerini boýnlaryna alan merdanalar. Olaryň beýnilerinde içen antlary, eden şerleri dur. Şol şerte görä, olar ýa ölmeli ýa-da ýeňmeli. Üçünji bir ýol ýok.

Orazmämmet han barşy ýaly atdan düşdi-de Dykma serdaryň «haýt-haýtyna-da» garaman, agyzlaryndan ak köpük saçyp, bokurdaklaryny «harladyşyp», içine gan öýen gözlerini petreýdişip, gylyçlaryny kä saga, kä sola salgap ýören şol ýigitlere tarap ylgady. Barşy ýalam gylyjyny hamala söýünji habary bar ýaly öňünden tüpeňini çoçjaýdyp çykan soldatyň çigninden saldy. Kibtine ýara düşen soldat tüpeňli goluny galgadyp ýanyn ýykyldy. Edil şol wagt başga bir soldat niredendir bir ýerden peýda bolan Sapar aganyň ýazzy maňlaýyndan çüýledi. Sapar aga bir zat diýjek bolýan ýaly Orazmämmet hanyň ýüzüne çiňerildi-de, onuň aýagynyň aşagyna «gürpüldäp» ýykyldy. Orazmämmet han ony eglip ýerden göterjek boldy. Sapar aganyň welin indi turarlygy ýok. Onýança Orazmämmet hanyň öz ýagyrnysam gyzyp gitdi. Arkasyndan ýyly suwuklygyň akyp ugranyndan ýaralanandygyny duýdy. Yzyna öwrüldi. Ikinji gezek atjak bolup duran soldata tarap gylyjyny ülňedi. Gylyç «şarkyldap» tüpeňiň demir niline degdi. Niliň agzyndan çykan gyzyl ot hanyň çat maňlaýyna çabrady. Oňa çenli tozanyň içinden ýüzüni çaňjardyp çykan başga bir soldatam ony yzly-yzyna iki gezek atdy. Orazmämmet han ýykylyp barýarka biriniň nirelerdendir bir ýerlerden gelýän:

– Orazmämmet. Orazmämmet. Wah! – diýen sesini eşitdi. Han ol sesiň kimiňkidigini tanady. Ýöne, oňa tarap öwrülip ýetişmedi. Bäş ädim beýlede aýaklaryny giň açyp oňa tarap ellerini serip duran adam Hanmämmet atalykdy. Gaçyp barýan ýigitleri yzyna gaýtarjak bolup iki ýana hars urup ýören Dykma serdar ony dolap getirmek üçin Orazmämmet hanyň yzyndan iberipdi.

Ýöne, Hanmämmet atalygyň özem ajalyny şol ýerde tapdy. Ony üç soldat üç ýerden hezil edip atdy. Endam-jany para-para bolan Atalyk entirekläp gelip Orazmämmet hanyň gapdalyna ýykyldy.

Olar öz beren sözlerinde tapyldylar. Watan üçin mert durup ölmäni başardylar. Iň soňky deme çenli söweşmek barada Kurandan ant içenleriň köpüsi welin bu wagt eýýäm jeň meýdanyny taşlap, ýüzlerini galanyň çykalgalaryna bakan öwrüpdiler.

Dykma serdar olary saklajak bolup soňam kän dyrjaşdy. Tä, derwezä barýançalar kä öňlerine geçip gollaryny gerdi, käte yzlaryndan ýetip guşaklaryndan

dartdy, etekleriden aslyşdy, içen antlaryny, eden şertlerini ýatlatdy, käbirleriniň ýaňagyna şapbat çaldy, agyr sözler aýtdy, ýöne, jan süýji, ajal bolsa ýetip gelýär, giň ýerde bir sözi ýere gaçmadyk serdary ol wagt hiç kimiň diňläsem gelmedi. Asyl oňa barmysyňam diýmediler.

Derwezäniň agzy bolsa gitdigiçe hümer bolup barýar. Çykmak kyn. Şol wagtam balalaryny beladan goramak üçin asmandan «şaglap» inen ene bürgüt ýaly bolup, Enehakyda peýda boldy. Ol özüni köpçüligiň içine urdy-da, dar geçelgede durup, gollaryny ýokary göterdi.

— Duruň! Duruň, adamlar! Galany taşlamaň! Siz Kurany kerimden ant içdiňiz ahyry!

Bir ýerden ýektaýynyň syýlaryny galgadyp gelen Kerimberdi işanam, bosup barýan aýal-gyzlaryň içinden tasap çykan Baýramgül tebibem gelip oňa goşuldylar, gaýra çekilmezligi, berk durup, duşmanyň güýjüni yza serpikdirmekligi goraýjylardan haýyş etdiler.

Ýöne, yzlaryndan ýagdyrylýan oklardan ýaňa sekuntsaýyn saýyn seýrekläp gelýän urşujylar Dykma serdara gulak asmaýyşlary ýaly, olara-da gulak asmadylar. Üstesine çawup gelýän oklaryň biri Kerimberdi işanam iki bükdi. Ol içini tutup aşak oturdy. Dyzyna çökdi. Iki tarapyndan okkessirme geçýän elleri ýalaňaç gylyçly, tüpeňli ýigitlere, ýakynlap gelýän soldatlara, henizem ýigitleri saklajak bolup iki baka hars urup ýören Dykma serdara, bir ýerlerden at derledip ýetip gelen Magtymguly hana, gözünden ýaş döküp ýigitlere ýalbar-ýakar edip ýören Enehakyda, horja ellerini galgadyp soňky wagtlarda öňküdenem beter mürşeýen gasyn-gasyn ýüzüni haýbatly çytyp, içinden zordan çykýan sesi bilen: «Haý namartlar! Haý, bigaýratlar! Duruň! Öýüňizi taşlap nirä barýaňyz!», diýip, iki ýana ylgsşlap ýören Baýramgül tebibe seretdi. Olara tarap elini uzadyp bir zatlar diýjek boldy. Oňa ýadaýy ýetmänsoň, içinden gysgajyk doga okady, ýüzüni kybla tutubam usullyk bilen özüni ýere goýberdi. Az salym dyzyna çöküp oturdy. Soňam ýykyldy, sag egnine agyp jan teslim etdi.

Ony ylgap gelýän üç-dört sany ýigit ýüzleriniň ugruna götergiläp alyp gitdiler.

Magtymguly hanyň  yzysüre ýetip gelen Gurbanmyrat işan atyny debsiläp Dykma serdaryň ýanyna bardy. At «haýkyryp» art aýaklarynyň üstüne galdy. Gurbanmyrat işan howlukmaç gepledi.

— Öwezmyrat! Mün atyňy-da, çyk galadan! Gideliň! Biz utuldyk!..

— Ant-şert nähili bolar, işan aga?

— Giň ýeriň gürrüňini etme Öwezmyrat! Bu wagt jan pyçaga geldi.

Däbşenekläp duran atlaryň aýaklarynyň arasynda pyrlanyp ýören Enehakyda agzyna burnuna girýän tot-tozandan ýaňa üsgürinjiräp, ýörşüne Dykma serdardanam öň dillendi.

— Kurany Kerimden içilen ant şemalyň ugruna aýdylyp goýberilen söz däldir, işan aga. Eden şertiňize görä siz ýa ýeňmeli ýa şu ýerde ölmeli. Galany taşlap gitmäge hakyňyz ýok.

Gurbanmyrat işanyň sesi gamly çykdy.

— Dogry aýdýaň gyzym. Emma uruş entek gutaranok, ýüreklerimizdäki umytlarymyz öçenok. Biz entek göreşeris.

— Çynyňyzmy, işan aga? Siz göreşi dowam etdirermisiňiz?..

— Elbetde. Onsoňam halk häzir başly-barat bosup barýa. Oňa hossar gerek. Iň bolmanda guma siňýänçäler olary goramak gerek. Ýogsam bu naýynsaplar olaryň baryny gyryp gutararlar.

Enehakyda eýýämhaçan atlanan Dykma serdaryň üzeňňisinden aslyşdy.

— Sizem göreşi dowam etdirjekdigiňize söz berýäňizmi, serdar aga?

— Kim dänse-de, Dykma serdar ähtinden dänmez, gyzym... Meniň elim hemişe duşmanyň bokurdagynda bolar.

Gurbanmyrat işan atynyň başyny çykalga btarap öwürdi.

— Öwezmyrat howluk!...

Dykma serdar gidip barşyna Enehakyda garap şeý diýdi:

— Biz häzir bosgunlary gorap guma çekileris. Soň olary Tejen töwereklerinde ýerleşdirip, özümiz Mara gideris. Maryny aýaga galdyrarys. Ýöne, senem indi bu ýerde durma. Duşmanyň eline düşme. Sebäbi sen biziň esasy baýlygymyz! — Soň ol at üstünde alakjap oturan Magtymguly hana ýüzlendi. – Ýör!..

Şondan soň Enehakyda az-kem köşeşdi. Oňa çenlem diwar ýumrulaly bäri çykalgany nazarlap, söweş bilen yza çekilip gelýän ýigitlerem derwezä golaýladylar. Ho-ol, aňyrrakdan bir bölek atla baş bolup, gelýän Gulbatyr serdaram göründi. Dykma serdar dagynyň yzyndan ýetmekçi bolan bolsa gerek, ol säginmän gapydan çykyp gitdi.

Bukjasyny goltugyna gysyp duran Enehakyda hem:

— Ýa, Alla, özüň medet ber – diýdi-de, yzanda-çuwan bolşup, çykalga tarap barýan gyz-gelinlere goşuldy. Häliden bäri gapdalynda mugruljyrap duran Baýramgül tebibem onuň yzyna düşdi.

Eýýämhaçan bir ujy guma siňip ugran bosgunlaryň yzyndan galanyň daş ýüzi bilen kowup ýetip, kerçäp başlan soldatlar birdenkä bir zatdan tebil tapan ýaly kürtdürdiler-de yza serpildiler. Çünki, yzdan gelýän Dykma serdar şol wagt öz nökerleri bilen olaryň bir çetinden girip ugrapdy. Soldatlar ähli güýçlerini şolara gönükdirdiler. Ýöne, Gulbatyr serdaryňam öz atlylary bilen gelip goşulmagy netijesinde türkmenleriň sany artdy. Üstesine şol wagt öňdenem bir bölek atly peýda boldy.

Bosgunlaryň arasyndan:

— Guşly batyr!

— Ruhy batyr! – diýen ýaly sesler eşidildi.

Soldatlar indi iki oduň arasynda galdylar. Yzda Dykma serdar bilen Gulbatyr serdar, öňde bolsa Ruhy batyr. Olara indi öz gelen ýollary bilen, gaçybermekden başga alaç ýok. Ýöne, Guşly batyryňam olary aňsat sypdyraýasy gelmedi. Ýollaryny kesmek üçin gyýalady. Ýigitleriniň birinden Dykma serdara habar gönderdi: «Siz bosgunlary penalap guma çekilip, men bulary özüm saklaryn» ol hut şeýle hem etdi. Bosgunlaryň agramly bölegi gözden ýitýänçä soldatlar bilen gaça uruş edip ep-esli güýmedi. Gysaçdan sypandyklaryna gözleri ýeten soldatlaram soňabaka gaçmalaryny goýdular-da, yza dönüp söweşe girdiler. Üstesine galanyň daş ýüzi bilen, lagerden çykyp özlerine kömege gelýän kazaklara gözleri düşdi-de, hasam ekezlendiler. Şonuň üçin indi Guşly batyram mazaly arany açan bosgunlary nazarlap yza çekilmeli boldy.

Galadan çykyşlary ýaly bosgunlara tarap at goýýan soldatlaryň welin sany-sajagy ýok. Soňra olar galanyň daş ýüzi bilen gelýän otrýadlara goşuldylar-da ullakan güýje öwrüldiler. Ýagdaý gitdigiçe agyrlaşdy. Galany doly eýelän goşun indi goşunbaşlygynyň: «Erkek adamlary ýesir amaly däl, barysyny gyrmaly» diýen, buýrugyny berjaý etmäge girişdi.

Ýöne, kelleleri gyzan soldatlar ýeke bir erkekleri däl, eýsem gala dolanmakdan boýun towlaýan aýal-gyzlaram, çagalaram aýap goýmaýardylar. Şol gün galanyň içi ýanar dowzaha, onuň diwarynyň asmana sowrulan pursatyny kyýamata, partlamanyň öň ýany ýaňlanan kanonadanyň sesini Ysrapylyň suruna, gözüne gan öýen, aýry sakgal generaly Ezraýyla meňzeden adamlary müň kerem mamla hasap etse bolar.

Gala ýarylan wagty bagşy kör Kepele eli dutarly, gara öýleriň arasynda iki ýana elewräp ýördi. Ol öňküdenem beter bir apy-tupanyň gopanyny aňdy, ýöne, onuň nämediginden, nämeleriň bolup geçýändiginden habary ýok. Hemmeleriň haýsydyr bir tarapa gaçýandygyny aňýar. Ol käte ýüwrüp barýanlaryň biri bilen çaknyşsa, käte maslyga büdräp üykylýar. Şonda ol döwülaýmesin diýip, bir eli bilen dutaryny dik ýokary göterýär. Beýleki eli bilenem jesetleriň ýüzüni-gözüni sermeleýär. Tanajak bolýar. Öwran-öwranam:

— Adamlar! Näme boldy? Aýdyň ahyry! Nä bela gopdy! – diýip, gygyrýar.

Bolup ýörşüne dözmedimi ýa köne tanyşlarynyň birimi ahyram orta ýaşlaryndaky gytygrak gara sakgally uzyn boýly bir kişi tasap geldi-de, agzyny onuň gulagyna golaýlatdy.

— Kyýamat gopdy bagşy. Ahyrzamana boldy. Bol senem, beýdip durma-da gaç, başyňy gutar!...

— Adamlar näme edýärler?

— Gaçýalar.

— Haýsy tarapa gaçaýyn?

— Demirgazyk derwezä tarap gaç.

— Demirgazyk haýsy tarapda bolýa?

Bagşynyň kördügini, salgynyň peýdsyzdygyny ýaňy bilen ýaly, uzyn kişi onuň golundan tutup idenekledip ugrady.

Bagşynyň welin dili dek duranok. Bar, zady jikme-jik bilesi gelýär.

— Kyýamat haýsy tarapdan gopdy, eý, ýagşy adam?

— Günorta tarapdan.

— Günorta haýsy tarapda bolýa?

— Ýeňse tarapymyzda.

— Biz onda dogry barýas-da?

Bagşynyň soragyna jogap bolmady. Üstesine ony goltuklap gelýän elem zym-zyýat boldy. Bagşy durdy. Soragyny gaýtalady...

—E-eý, ýagşy adam, hany sen? Sen nirede? Sen näme üçin jogap bereňok – diýip gygyrdy.

Emma hiç hili jogap bolmady. Çünki, oňa jogap bermeli adam, eýýäm onuň aýaklarynyň arasynda sessiz-üýnsiz guýlunyp ýatyrdy. Ol Kör Kepeläniň soňky sözüniň başyny eşiden hem bolsa soňuny eşitmedi. Onuň boýunoňurgasyndan

zogdurylyp çykýan gany bolsa Kör Kepele görenok. Ýöne, ol indi bir zatdy magat bilýär: Gala synypdyr.

«Ur-ra-a!.. sesleriniň has golaýlaşmagy bilen, Kör Kepele özüniň bu beladan gaçyp gutulyp bilmejekdigine göz ýetipdi. Gaçaýyn diýende-de, haýsy ugruň haýsy ugur-utga ýeke bir oňa däl, gözlä-de saýgardanok. Daş-töwerek tot-tozan, goh, galmagal, «haý-waý», çagalaryň , aýalaryň çyr-çykylygy, dady-perýady, ahy-nalasy, topdur-tüpeň sesleri, gylyçlaryň «jarkyldysy»...

Şonuň üçinem, ol dagy alaç tapman, aşak çökdi-de, dutaryny gabyndan çykaryp, kyn hala düşen il-günüň, ýurduň agysyny aglamak üçin, Watan, gahrymançylyk hakynda özüniň iň soňky aýdymyny aýtmaga başlady. Ýöne, soňlap bilmedi. Ýagmyr deý ýagýan gülleleriň bir-ä gelip dutaryň gapagyny deşdi, «jarka» kädisini ýardy, ondan çykybam bagşynyň sag böwrüne çümdi, ýene birem «şarkyldadyp» dutaryň sapyny döwdi. Dazanaklap gelýän soldatyň birem gapdalynda säginägi-de, onsuzam o dünýäniň bosagasyndan ätlän bagşynyň dik depesinden çüýledi. Bagşy birbada dim-dik boldy, soňam ellerini serdi-de, «şalkyldap» arkan gaýtdy.

...Tilkiçi şahyr bolsa, gala partlan mahaly günbatar diwara edilýän hüjümi serpikdirip ýörenleriň arasyndady. Onuň ol ýere şol, irdenki çykyp gidişi. Yzynda gopan apy-tupandan, oglunyňam, aýalynyňam eýýäm bu dünýede ýoklugyndan entek ol habarsyz. Dykma serdaryň buýrugyndan soň beýlekiler bilen bir hatarda, weýran bolan diwara tarap eňdi. Barşy ýalam özüni duşmana garşylyk görkezip ýören ýigitleriň arasyna urdy. Orazmämmet han bilen Hanmämmet atalygyň wepat bolanyny gözi bilen gördi. Aljyrady. Daş-töweregine göz aýlady. Galanyň içindäki halkyň, şol sanda käbir urşujylaryňam bosup başlandyklaryny görüp: men nätsemkäm, diýen terzde az-kem böwrüni diňledi. Ahyram iliň yňýan tarapyna owsun atdy. Ýöne, gadam urmana ýetişmänkä depesinden inip gelýän gylyjy görüp, çalasynlyk bilen bir gyra sowuldy. Eli gylyçly soldat öz badyna entirekläp gitdi-de, baryp maňlaýyny ýykylan diwaryň ullakan bölegine urdy. Şol urgynyň zarbyna äm-säm bolup durka-da, Tilkiçi şahyr onuň ýeňsesinden bir ok berdi, başga bir soldat bilen gylyçlaşyp ýören daýaw ýigit gözüni garşydaşyndan aýyrman:

— Şahyr! Çekil! Halk guma çekilýä, senem uruşdan çyk-da, şolara goşul! Çagalaryňy halas et!.. Biz bulary egläris... – diýdi. Ol ýigidiň duran ullakan gözleri gazanyň gapagynyň ýüzüne iki sany apbasy ýelmenen dek eýmenç peträp dur.

Agzyny hatap ýaly açyp, dilini sallap, duşmana gylyç salanda dişleri akjaryp görünýär. Kellesi ýalaňaç.

Der gatyşykly gumdan, gan-kokdan ýaňa ýüzi-gözi görnenok. Edil, bir barmak galyňlykda şepbik çalnan ýaly. Boýnunyň bir tarapyndan dynuwsyz akýan gandan ýaňa ak ezýaka köýünegi gyzyl kürtä dönüpdir. Onuň Dykma serdaryň ogly Akberdi handygyny Tilkiçi şahyr sesinden tanady.

Ýöne, ol «git» diýse-de, ýigitleri o ýagdaýda goýup gitmäge şahyryň bogny ysmady. Gylyjyny syraga-da ýoldaşlaryna kömek bermek üçin Akberdi hanyň üstüne topulyşyp gelýän soldatlar öňüne özüni oklady. Oky gutaran tüpeňini bir gyra taşlady. Gylyjyny syrdy. Soldatlar welin gylyja girjegem bolmadylar. Aralyk bäş-üç ädime gelenden sakga saklandylar-da, ony oka tutdylar. Şeýle gür hem golaýdan atylandygyna garamazdan, güllileriň diňe biri Tilkiçi şahyryň çignini ýalap geçdi. Ýöne, ol öz ýarasyna ünsem bermedi-de, bir eli bilen gursagyny tutup, beýleki eli bilenem ýykylmazlyk üçin gylyjynyň ujuny ýere diräp, duşman tarapdan gelýän güllelere döş gerip barýan Akberdi hana kömege ylgady. Ony goltuklap bir howpsuzrak ýere çekjek boldy. Ýöne, soldatlaryň tüpeňlerinden çykan oklaryň täze bir tapgyry Akberdi hany iki bükdi. Ol welin şonda-da, dyza çökmezlik üçin özüne zor salyp öňe omzady. Iň soňky deminde-de birini alyp, galmak üçin, goluny göterip gylyjyny soldatlara tarap zyňmaga synanyşdy. Ýöne, oňa kuwwaty ýetmedi. Gylyç goldan gaçdy. Tilkiçi şahyryňam gylyçly goly indi ikinji gezek gyzyp gitdi. Ol Akberdi hany golundan goýberip özem bir gyra gyşardy.

Şol wagt türkmen ýigitleriniň bir topary garasar sürüsi dek bir ýerden «güsürdeşip» geldiler-de, Akberdi hanyň daşyna halkalaýyn aýlandylar. Goradylar. Iki sanysy bolsa, goltugyndan girip alyp ugrady. Topar-topar bolup, gädikden girip gelýän soldatlaryň welin yzy üzülenok. Şonuň üçinem ýalaňaç gylyçdan başga ýaragy bolmadyk sanlyja ýigitleriň gahrymançylyklary uzaga çekmedi. Hemmesi öz borçlaryny ýerine ýetirip, mertlerçe wepat boldular, janlaryny bermän duşmana öz orunlaryny bermediler.

Akberdi hany götergiläp barýan ýigitlerem uzaga gidip bilmediler. Diwaryň üstünden «wazyrdaşyp» gelýän raketalar olaryň barysyny, Akberdi han bilen birlikde guma garyp goýberdi.

Tilkiçi şahyryň iň soňky gören zady şol boldy. Iki gapdalyndan söm-saýak bolşup, eýläkmi, beýläkmi adamlaryň bir ýerlere söltüldeşip barýandyklaryny, aňýar, ýöne, olaryň kimlerdigini, nirä barýandyklaryny, näme üçin barýandyklaryny näme üçin beýle howlugýandyklaryny welin bilenok. Birdenem aňy durlanan ýaly boldy-da, mundan ýyl ýaryma golaý öň gören düýşi ýadyna

düşdi. Şonuň bilen birlikde daş-töwereginde bolup duran gaýda-gaýmalaşygyň nämedigem ýadyna düşdi. Aň alasarmygam bolsa işläp başlady. Diýmek, bu Ahal ilaty. Olar bosup barýarlar. Ýap-ýaňyja onuň galasy syndy. Ol indi... Birdenem, şol düýş onuň aňynda janlanyp ugrady. Ahal... Kesearkaç... Duşman... Hanlar... Halk... Terezi... Göreş. Diýmek, onuň şol düýşi oraşan bolupdir. Onuň şol wagt ötüp barýanlary saklap: «Adamlar! Men şu boljak ahwalaty öňünden bildim. Aňdym. Sebäbi, düýşüni gördüm. Ýöne, size aýtmadym. Ruhyňyz çökmesin, ýeňşe bolan umydyňyz peselmesin diýdim. Aýt, diýseňiz ine, indi aýdaýyn. Men ony goşga-da saldym. Ýa bolmasa şony okap beräýeýein...» diýesi geldi. Hatda şol niýet bilen geçip barýanyň kimdir birini egninden tutup saklan ýalam boldy. Ýöne, ol beýle däl. Ol hyýal. Isleg. Arzuw. Birdenem, düýşem, oglam, aýalam, ýer-ýurdam gözleriniň öňünden zym-zyýat boldy, galanyň ýykylan diwary bolsa magallaklap öz üstüne gaýtdy. Ýeriň, asmanyň aýlanmasy galdy. Daş-töweregi elhenç tümlik, ümsümlik gaplap aldy. Soň şol tümlügiň aňrybaşynda bir ýerlerde edil Ogulaýyň ýüzüniň ululygyndaky ýaly tegelek yşjagaz peýda boldy. Golaýlaşdygysaýam ulaldy. Hä diýmänem şahyr şol deşigiň bärisinden suwulyp girdi-de, aňry tarapyndan zymdyrylyp çykdy. Dünýe – älemi ýiti, gözüňi gamaşdyryjy şähle gaplap aldy. Ol welin henizem okdurylyp barýar. Ýöne, nirä barýar, näme üçin barýar, ony ol bilenok. Asyl oňa indi o zatlary bilmegiň geregem ýok. Ol indi bar zatdan dynç. Arkaýyn. Erkin. Baky dünýäniň wekili. Ol ýerde uruşam ýok, gowga-da. Dawa-da ýok, jenjelem. Deňlik. Geňlik. Taňlyk. Alty asmandan sag-aman geçip, ýedinji asmana barybilse, Biribaryň pähmetine dahyl bolar. Baky ruhy eşik geýer. Perişdä öwrüler. Bolmasa-da, ýene şu ýere, şu jepaly ýere gaýdyp geler.

Soldatlar galany tekelerden doly arassaladylar. Gaçyp ýetişmedikleriniň ýekejesinem diri goýmadylar. Erkek göbeklilerden diňe pars ýesirleri diri galdyryldy. Olar bäş ýüz sany. Olary aýaklaryndaky gandallaryndan tanadylar. Şeýle-de, gaçmana ýetişmedik bäş müňe golaý aýal-gyz we oglan-uşaga aman berildi. Galanyň asmana sowrulanyny, kanonadanyň hopukdyryjy zenzelesini, hüjümiň ondan soňky elhençliklerini görüp, huşlary başlaryndan göçen şol aýal-gyzlar, oglan-uşaklar iňňän gür dikilen öýleriň arasynda başly-barat çyr-çykylyk bolşup çar tarapa ylgaşdylar, özlerini öldürmezliklerini rehim etmeklerini haýyş edip soldatlara ýalbardylar.

Ýöne, galanyň daşy welin has beterräkdi.

Goragçylaryň ellerinde baryny edendiklerine garamazdan soldatlaryň ýolboýy döken ganlary Garagumyň mele gerişlerini mazaly ganjartdy. Gitdigiçe goraýjylaryň sany azaldy. Uly iliň umydy bolan Guşly batyryň akja kepderisem kem-kemden daşlaşmak bilen boldy. Ol käte bir halkyň ýokarsyndan aýlaw edýär-de, ýene-de gözýetime tarap gaýdyrylyp gidýär.

Halk çen bilen onuň özüni «Ilek» guýusyna tarap çagyrýandygyna düşündi.

Sanlyja ýigitleri bilen galan Dykma serdar bosgunlara böleklere bölünip gaçmaklygy tabşyryp, güýmemek üçin özi ýene-de at başyny atly kazaklara tarap öwürdi. Bosgunlaryň kimsi Maryny, kimsi Tejeni, kimsi bolsa gum içindäki guýulary nazarlap, sap-sap bolup bölündiler. Az-kem bolsa-da, bu usul öz netijesini berdi. Soldalar hasydyr bir bölegiň üstüne hüjüm edip eglenýänçäler beýleki bölekler mazaly arany açdylar.

Bosgunlaryň aglabasynyň ýüzi «Ilek» guýusyna tarap gönükdi.

... Enehakyda bilen Baýramgül tebip hem şolaryň arasynda. Çünki aýdyşlaryna görä, ol ýerde Ruhy batyr barmyşyn. Ol bolsa Enehakydanyň umydy. Asyl, Guşly batyr dek ýatmajakdygyny duşmanynam dek oturtmajakdygyny, mundan buýana kasas gözläp pars obalaryny elek-soky edip ýörmesinem goýup, bar güýjüni halky zulumdan azat etmeklige sarp etjekdigini bosgunlaryň arasynda ýolboýy wagyz edip gelýänem şol. Sag-aman diri sypan bolsa, Enehakyda Ahallynam Ruhy batyra goşulmaklyga, şonuň bilen bilelikde duşmana garşy göreşmeklige çagyrar. Aňňat-aňňat alaňlaryň arasy bilen Gündogar sary sürlenişip barýan bosgunlaryň erkek göbeklisini gyryp, aýal-gyzlarynam gala tarap süren soldatlar indi «Ilek» guýusyna barýanlaryn yzlaryndan eňdiler. Ýetip, olaryň erkeklerini çapdylar, naçarlarynyňam köpüsini yza doladylar. Ýöne, hemmäniň dolanasy gelibem duranok. Çünki, galada nämeleriň bolandygyny olar görüp gaýtdylar. Käbirleri ellerini göterip «aman» dilediler. Emma olaryň gulaklaryna bu wagt aman ilenok. Gözlerine zat görnenok. Garysyny ýazdyranda edýän «kirsildisine» guwanyp, bir çopanyň tutup sürüni soýup çykyşy ýaly, olaryňam gan näçe köp aksa, jan näçe köp çyksa şonça-da keýpleri göterilýär. Ynsan balasynyň elhenç ýagdaýa düşüp ezijleýşini, ganym duşmanyndanam delalat gözläp dyzyna çöküşini, ýalbaryşyny, iliň-ýurdundan, halkyň-hanyndan, çaganyň-enesinden, ogul-gyzyň ata-enesinden, doganyň-doganyndan, ýaryň-ýaryndan aýrylyşyny görmek, dik asmana göterilýän ahy-nalalary dady-perýatlaryny diňlemek olar üçin tomaşa. Lezzet. Çünki, bu zir-zöwrançylyk, gyrgynçylyk olaryň baş serkerdeleri, aýrysakal, gözi ganly general Skobelewiň arzuwy, maksady. Dek-düýnüň özünde beren buýrugy. Buýruk bolsa ýerine ýetiriläýmeli. Şu iş üçin olardan hasap sorajak ýok. Adam öldürmek babatdaky ussatlygyňy synag geçiresiň gelse geçiribermeli.

Şeýle synaga bir ýarym ýaşlyja çagasyny goltugyna gysyp, çöp-çöňürleriň arasy bilen aýakýalaňaçlygyna ýeldirilip barýan, bir ýaş gelinem sezewar boldy. Ol Enehakyda bilen Baramgül tebibi gapdalap gelýärdi. Çepiksije bir soldat alny sakar gara atyny säpjedip geldi-de, olary yza dolajak boldy. Olar welin säginmedilerem. Enehakyda aýak çekäge-de, onuňň iki gözüniň içine seredip bir zatlar diýjek boldy. Ýöne, Baýramgül tebip onuň elinden tutdy-da, idenekledip ugrady. Soldatyň

«çeňňegine» düşenem şol, eli çagaly ýaş gelin boldy. Asgynjakly bolansoň ol gaty ylgamag-a däl, asyl, oňly ýöräbem bilenok. Şonuň üçinem soldat atyny onuň öňünde keserdäge-de, üzeňňä galdy, gylyjyny göterdi. Gelin duran ýerinde ik ýaly pyrlanyp durşuna bir aýasyny oňa tarap serdi.

— Aman! Aman! – Onuň bilenem bolmajagyny bilensoň iki eli bilen çagasynyň goltugyndan tutup dik depesine galdyrdy. Nämährem bolsa-da çaga dözmez, rehim eder öýtdi. – Degme! Meni öldürme! Ine, görýäňmi, ýaş çagam ba. Bu mensiz aç öler!

Başga söze düşünmese-de, «aman» sözüne düşünýän soldat welin, ikirjiňlenmedem. Ol: «Da,da, ty aman...» diýdi-de, gylyjynyň ujuny ýaş enäniň elindäki çyrlap, oturan çaganyň garynjagazyndan sokdy. Towlady. Çekdi. Çogup çykan inçejik içegäni ussatlyk bilen gylyjynyň ujuna orap özüne dartdy. Içege çözlenip ugrandanam atynyň başyny bir gapdala sowdy. Jylawyny silkip debsiledi. Esli ýere barýança ujy içegeli gylyjyny baýdak göteren ýaly dik ýokary tutup gitdi. Içege welin gutarar ýerde gutarmady. Şo-ol, çözlendi gitdi oturdy. Huşy başyndan uçan gelin bolsa henizem çagasyny depesinde saklap, äm-säm bolup dur.

Şol wagt onuň gulagyna sowukdan ýaňa halys eňki gaçan, Baýramgül tebibiň agy gatyşykly gyryljak, ýadaw sesi eşidildi.

— Elhepus ýaş çaganyň içegesem beýle uzyn bor eken-ow...

Ol muny adaty bir zat barada mesaýy gürrüň edýän ýaly diýseň parahat hem parhsyz aýtdy.

Şol sözler täsir eden bolsa gerek, gelin birdenkä özüne geldi, içegeleriniň bir ujy çöp-çalamlaryň arasy bilen ep-esli ýere ýeten çagasyny bagryna basyp, ulyili bilen gygyrdy-da, duşmanyny urmak üçin degerliräk zat gözleýän ýaly daş-töweregine garanjaklady. Birdenem, gylyjyny eýýämhaçan haýsydyr bir ak sakally gojanyň çal başyndan indermekçi bolup duran hälki soldata tarap öçli topuldy. Soldat gelne garap ýene-de: «Seňki aman. Ty aman» diýip, syrtaryldy-da, gylyjyny gojanyň depesinden inderdi. Baýramgül tebip gelni iki eli bilen gujaklap saklady.

— Çagaňy taşla-da, ýör, öňe, öz başyňy gutar! Janyň sag bols ýene-de dogurarsyň!..

Hernäçe kyn düşse-de, gelin Baýramgül tebibiň aýdanlary bilen ylalaşmaly boldy. Ýöne, çagasyny taşlamady. Içegeleriniň henizem çözlenip barýandygyna garamazdan bagryna basdy-da, Baýramgül tebip bilen Enehakydanyň barýan ugruna bakan ugrybir ylgaberdi. Bir ujy on-onbäş ädim yzdan süýrenip gelýän çig içege-de doň ýeriň üsti bilen «şowurdap» yzyna düşdi. Biri-birleriniň söbüklerini sydyrdyşyp gelýän bosgunlaryň biriniň aýak aşagyna düşen wagty içege dartylýar, gelniň eline agram salýar, sozulýar birdenem «şarta» ýoluinýar-da, ýolunan

ýerinden bärsi «şarpyldap» gelip, gelniň ýagyrnysyna ýelmeşýär. Soňabaka içege gutardy-da, oňa ilişip çaganyň iç-goşlary çykyp başlady.

Bu ýagdaýa gözleri düşenden haýdaşyp barýan Enehakydadyr Baýramgül tebip ikisi iki ýerden gelne tarap ylgadylar. Baryp, basa düşüp diýen ýaly çagasyny elinden aldylar-da, öň ýanyndaky garalyp duran ullakan gara sazagyň gür pürleiniň arasynda emaý bilen goýdular. Üstüne çöp-çalam atyşdyrdylar. Gelin çagasynyň yzy bilen özüni çöpe urmakçy boldy. Ýöne, Enehakydanyň berdaşly gollary ony saklady.

— Mert bol, dogan! Özüňi horlama. Sen entek Watana gereksiň. Wepat bolan gerçeklere derek ogul dogurmalysyň. Olar erte biziň bu günki elden gideren ýurdumyzy, arymyzy, namysymyzy gaýdyp almalydyrlar. Sen bolsaň uzak ýaşap, bu ganly wakany agtyklaryňa, çowluklaryňa gürrüň bermelisiň. Şonuň üçinem, ikimiziň ölmäge-de, ejizlemäge-de hakymyz ýokdur. Ýör!..

Kowgy şol ýagdaýda tä, Gün ýaşýança dowam etdi. Soldatlar diňe özleriniň iňňän ýadandyklary we garaňkynyň düşendigi sebäpli kowgyny bes edip, yzlaryna dolandylar.

Enehakyda bilen Baýramgül tebip özleri ýaly ýagydan sag-aman sypan başga-da on-on iki sany gyz-gelin bilen, garaňky düşenden soňam ep-esli ýörediler. Soň halys surnugyp, bir ýerde özlerini ýere goýberdiler. Çapgyn gyş şemalynyň damaklaryny çalyp barýandygyna garamazdan biri-birlerinie gysmyljyraşyp dessine ukladylar.

Daňdanlar oýanyp ýene-de ýollaryny dowam etdirdiler. Guşluk boluberende olaryň öňüni bosgunlaryň bir bölegining aýak yzlary kesdi. Megerem, olar Tejen topragyna tarap ugranlaryň gala gaýtarylanlary bolsa gerek, diýip, Enehakyda dagy pikir etdiler. Çünki, aýak yzlar düýbünden ters tarapa barýardy.

Birdenem Baýramgül tebibiň gözi aýak yzlaryň arasyndaky çöpüň düýbünde oturan ýumruk ýalyjak kempire düşdi. Baryp görseler ol kempiriň öňünde edil çopanlaryň owlak-guzy aýlary ýaňy bolan guzylary salmak üçin gazýan körpeçlerine meňzeş kiçiräk çukur bar. Üstüne-de köneje don atylan. Kempir oturşynam üýtgetmän gözleriniň garasyny gelinlere tarap agdardy. Bir eli bilenem donuň gyrasyndan tutup, usullyk bilen serpdi. Gelinler «haýda-waý» bolşup yza tesdiler. Çünki, çukuryň içi gatap galan öli çagalaryň germesatan bolşup ýatan maslyklaryndan ýaňa gyrmady. Kempiriň sowukdan ýaňa çişen bokurdagyndan «har-har» edip gyryljak, ýogyn ses çykdy.

— Ine, görüň, gören eşidenleriňize-de gürrüň beriň. Bu zatlar ýatdan çykarylmaly däldir. Bularyň içinde ýeke bir soldatlaryň elinden däl, ajyndan ölenem, aljyrap ölenem, sowukdan ölenlerem bar. At aýagynyň aşagynda galyp,

basgylananlaram bar. Hemmesem hossarsyz. Men bulary çöpläp şu çukura saldym. Özümem galdym. Şulara göz-gulak bolaýyn, şagal-tilki degäýmesin, diýdim. Gala barybam bitirjek goşum ýok. Sebäbi, ol ýerde maňa garaşýan ýok. Hiç kimim galmady. Bary öldi. Öldürdiler. – Ol «körpejiň» agzyny ýapdy. – Ölýänçäm bir gorap oturaýyn,soňam näme, Alla gorar-da... Siz nirä barýan bolsaňyz öz ýoluňyza gidiberiň.

Baýramgül tebip gyz-gelinlere garap:

– Muny bu durşuna taşlap gitmäliň, – diýdi.

– Bulary jaýlanymyz bilen jeset gutarmaz, gum içinde eýesiz ýatan meýit kändir entek... – diýenem boldy.

– Şulary bir jaýlalyň soňunam görübiris – diýdiler-de, ýerli-ýerden işe girişdiler. Kim eli bilen, kim ätiýaç üçin ýanyna alan keseri, gyrkylygy ýa pyçagy bilen,ýene biri sazakdyr-çetileriň berdaşlyrak şahalary bilen bolşuna görä mazar gazdylar, jesetleri şoňa emaý bilen ýerleşdirdiler. Gum sürjek wagtlary kempir:

– Menem şular bilen bile jaýlaň jan doganlar – diýip, sessizje aglady. Soň daş-töwerege ser salsalar gyrgynçylyk bolan ýer dogrudanam jesetden doly eken.

Şol wagtam ýapynyň aňry ýüzünden on bäşe golaý atly ýigit göründi. Olar öten agşamky bosgunlardan galyp-gaçyp azaşyp ýörenleri bar bolsa tapyp, Ilek guýusyna eltmek üçin Ruhy batyr tarapyndan iberilen ekenler. Olar şol ýerdäki meýitlerem ýeke-ýeke jaýladylar. Aýat okadylar.

... Şol gün soldat Aleksandr Iwaşow Günbatar diwardaky hüjümiň gohuna oýandy. Usullyk bilen ýerinden turdy. Ilk-ä kümäniň kiçijik penjiresinden, soňam işikden daşaryk seretdi. Galanyň içindäki başagaýlykdan çen tutup, goşunyň aýgytly hüjüme taýýarlanýandygyna göz ýetirdi. «Seňňem-ä meň bilen hoşlaşmaly wagtyň geläýdi öýdýän», diýýän manyda ullakan kellesini aşak egip, aýagyndaky zynjyra seretdi. Şeýtse öz-özünden aýrylaýjak ýaly aýaklaryny gezek-gezegine silkeledi. Gapylaynyň ýapyklygyndan çen tutup, Enehakydanyňam, Baýramgül tebibiňem hemişekileri ýaly goragçylara kömek bermäge gidendiklerini aňdy. Şol wagt onuň bir göwni: «Bar, senem daş çyk, töwerege ser sal. Ne belalaryň gopýandygyny gözüň bilen gör», diýse, başga bir göwni: «Ýok, hiç ýere çykma, otur, çawup gelýän okuň biri çypar kelläni kakar goýberer welin bujagaz günüňdenem dynarsyň», diýdi. Iň ýamanam ol özüniňkileriň hä diýmän gala girjekdiklerine begenýändigini türkmenleriň aňmaklaryndan çekindi.

Birdenem... Birdenem kanonadanyň älem-jahany sarsdyryp barýan sesi ýaňlandy. Bu sesiň yzynda nämeleriň ýatandygyna Iwaşow gowy düşünýär. Diýmek, onuň köp garaşan arzyly güni gelip ýetipdir.

Ýöne, soňky çykan elhenç «gümmürdiniň» nämedigini welin o-da bilip bilmedi. Şonuň üçinem assa-ýuwaşdan şol sesiň çykan tarapyna ugrady. Golaýladygysaýam bir ujy asmana ýetýän äpet tozan onuň üstüne abandy geldi oturdy. Ol şonda-da galanyň diwary ýarylandyr öýtmedi. Ilk-ä tekeleriň köp mukdarda däri, ok-ýarag saklaýan ammarlary bardyr-da, şol ýarylandyr öýtdi. Emma galadakylaryň elmydama şol zatlardan ýetmezçilik çekýändiklerini ýatlap, ol pikirinden dändi. Soň Abdylla ussanyň ussahanasy ýarylandyr öýtdi. Ýöne, onda-da beýle güýçli partlama döredip biläýjek köp mukdardaky däri bolmaly däl. Onsoňam Abdyllanyň ussahanasy partlamanyň dörän ýerinden düýpgöter ters tarapda. Diňlidepäniň gapdalynda. Bilesigelijiligi soldaty tot-tozanyň arasy bilen, partladylan diwaryň golaýyna eltdi. Ol ýerdäki elhenç tutluşygy görüp, onuň huşy başyndan uçdy. Nämäniň-nämedigine düşündi. Şol wagtam golaýynda snarýad ýaryldy-da, ýelginine ýere ýazyldy. Ýöne, ýaralanmady. Ýaralanaýmagynyň, hatda öläýmeginiňem ahmaldygyna welin düşündi. Ajaldan gorandygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Tyrraýylyp duran köneje şyrdagyny çykaryp çokundy. Bu eşikde beýdip dursa her demsaýy türkmenleri yza serpikdirip, barha öňe süýşýän kazaklaryň özüni tekelerden biridir öýdüp, ataýmaklarynyň ahmaldygyny ýatlabam yzyna öwrüldi. Apyla-sapyla sowulýança öňküje kümesinden çykman oturmaklygy makul bildi.

Ol şeýle hem etdi. Ep-esli busup oturandan soň, gulagyna Enehakyda bilen Baýramgül tebibiň sesi eşidildi. Soldat ýerinden turdy. Gapa bardy. Geň galdy. Çünki, olaryň ýüzleri-gözleri çaň. Tozan. Seslerinden tanaýmasaň tanar ýalam däl.

Gelişleri ýalam öýli-öýüne girdiler. Eglenmänem çykdylar. Enehakyda gapysynyň agzynda ýaýdanjyrap duran tebibi howlukdyrdy:

— Bol, çaltrak, Baýramgül daýza, eglenmäli.

— Boldum, gyzym, boldum. – Ol üsti-başyny sermeleşdirdi. – Bil guşagym bilen däri-dermanlary aldym, boldy şü, maňa başga zat geregem däl. – Birdenem onuň gözi kümäniň agzynda mölerilip duran Iwaşowa düşdi. – Wiý, munymyzy näderkäk, gyz?..

— Ýan tazysy ýaly edip äkidebem-ä bolmaz.

— Şu wagtam ýadyňa oýun düşýä-dä, gyz seň...

Enehakyda ýesire ýüzlendi.

— Sen indi boş, sallat. Siziňkiler geldi. Olar indi saňa eýe çykarlar. Ýöne, dagy-uwara biziň ýurda eliň tüpeňli gelme. Bize tarap ok atma. Iýen duzuňa kast etme. Duz tutsa gaýdyp galyndyrýan däldir...

Şondan soň olar uly iliň bosýan tarapyna – demirgazyk – günbatar derwezä tarap ugradylar.

Olaryň bolup baryşlaryny görüp, Iwaşowyň bokurdagy doldy. Näne diýjegini takyk bilmese-de, şunça wagtlap öwrenişen adamlary bilen ara düşjek aýralyk zerarly ýüreginde dörän gynanç duýgulary ony erkine goýmady.

— Ene-e-e!... Daýza-a!

Olaryň ikisem birden yzlaryna bakdylar. Soldatyň gözünden ýaş döküp duranyny görüp, Baýramgül tebip ol: gandalymy aýryň, diýýändir öýtdi. Oňa tarap aýalaryny ýaýdy.

— Ýok! Ony biz aýryp bilemizok! Özüňiziňkiler aýrarlar. Sen indi ony gaýgy etme!

Şeýdibem gitdiler. Topar-topar bolup barýan bosgunlara goşulýançalar, Iwaşow kemşerilip, olaryň yzlaryndan seretdi durdy. Şol wagt ol ýüreginiň töründe edil, iňňäniň ujy bilen dürtülen ýaly inçejik hem awuly yza duýdy. Sag eliniň aýasyny çep gursagyna ýetirdi. Ýüzüni çytdy.Çalarak buruldy.

Onuň üçin indi bar zat düşnükli. Tekeler galany terk edip barýarlar. Goşunyň hä diýmän gala girjekdigine ony eýelejekdigine söz ýok. Oňa indi diňe garaşaýmak galýar.

Ol ýalňyşmandy. Gala hakykatdan-da goşunyň eline geçipdi. Türkmenler agyr-agyr ýitgiler bilen yza çekilýärdiler we guma tarap bosýardylar.

Sagat ikilerde Poltawaly ýüz atla we dragunlaryň iki eskadronyna baş bolup, bosgunlaryň yzyna düşmek üçin, general Skobelewiň hut özi gala girdi.

Atly-dagly wzwod bilen bilelikde, Gaýdarowyň kolonnasyndan tamanlylaryň ýüz atlysy hem bosup barýanlaryň yzyndan çep ganat boýunça, galanyň daş ýüzi bilen ýola düşdi.

Açyk meýdanlardaky we gara öýleriň içindäki leýs bolup ýatan münder-münden maslyklary görüp Skobelew top oklarynyň tekelere näderejede zyýan ýetirendigine düşündi. Ol kanagatlanmak duýgusy bilen, uludan demini aldy.

Onuň hut öz buýrugy bilen, galanyň içinde tekelerden ýekeje-de erkek göbekli diri galmaly däl edilen hem bolsa, nesibesi çekip, şol gün garaz, bir adam diri galdy. Ol hem ýedinji ýanwar güni Skobelew bilen gepleşige çykan Hajymyrat.

Ýumrulan diwar üçin aldym-berdimli söweş gidýän wagty, ol çep baldyryndan ýaralandy we az-kem özümi dürsänimden soň, bosgunlara goşulyp galadan çykaryn diýen umyt bilen süýrenip özüni galadaky abat galan tümleriň birine atdy. Emma, o ýerden çykybilmedi. Ýagdaýy gitdigiçe agyrlaşdy. Gan köp gitdi. Türkmenleriň sesleri bütinleý galyşyp, ors soldatlarynyň: «General... General idýot» diýýän sesleri gulaga gelendenem ol usullyk bilen tümden çykdy çagşap ýatan gara öýüň çagaragynyň aşagyna sümüldi. Şol ýerdenem töweregi synlady.

General ak atyny säpjedip golaýyna geldem, welin Hajymyrat «hyk-çok» edip bukudan çykdy. Bir aýagyny ýerden süýräp, ýykyla-sürşe generala tarap towsaklap ugrady. Oňa şol wagt çar tarapdan onlarça tüpeň gezeldi.

Skobelew ony bada-bat tanady. At üstünde ýanynrak oturşyna gamçysyny dik-ýokaryk çomaltdy:

— Ostawit!.. – Soň ol Hajymyrada seredip bilniksiz ýylgyrdy. Oňa dostlarça ýüzlendi. – Diri galdyňmy? Oňarypsyň.

Ol soldatlara Hajymyrady häzirlikçe göz tussagy etmekligi, ýarasyna seredip, çaý-çörek bermeklerini, ertir bolsa öz ýanyna gepleşige alyp gelmeklerini şeýle hem ony ynjytmazlyklaryny tabşyryp ýoluny dowam etdirdi.

Hajymyrady götergiläp diýen ýaly alyp gitdiler, ýöne, general entek gaty bir daşlaşmanka, edil Hajymyradyň peýda bolan tarapyndan eleşan türkmen eşikli, ullakan kellesiniň bir şahyna zordan diýen ýaly ilişip duran goňur şyrdakly, ullakan, mawy gözleri tüňňi maňlaýynyň aşagyndan mölerilip duran kelteräk pyýada gandalyny şakyrdadyp çykdy. Ol soldatlara, generala tarap ýetişibildiginden gollaryny galgadýar, bir zatlar diýip, samraýar, demi-demine ýetmän sojaýar, hamsygýar. Aglamjyraýar. Soldatlar ilki onam galada gizlenip galan türkmenleriň biridir öýtdüler. Ýöne, ol golaýa geliberende kellesindäki şyrdagyny çykardy, ors dilinde birki agyz söz aýtdy. Aýagynda gandalynyňam bardygy göründi welin, onuň geçen uruşdan bäri türkmenlerde ýesirlikde ýören soldatlaryň biridigine hatda generalyň özünde-de, hiç-hili şek-şübhe galmady.

Iwaşow gelip özüniň tüňňi hem giň maňlaýyny Skobelewiň ak atynyň öň aýaklarynyň arasyna goýdy, general atyň jylawyny dözümliräk dartdy-da, ýesire hossarlarça ýüzlendi.

— Byl w plenu?

Iwaşow başyny göterdi.

— Da waşe blagorodie.

— Tur ýeriňden – Iwaşow dyzanaklap ýerinden galdy. Generalyň aty onuň daşyndan aýlanyp ugrady. Başyny silkende agyzdyrykdan syrygyp çykýan ak,

ýeljik köpürjikleriň başam barmak ýalysy baryp, Iwaşowyň maňlaýyna ýelmeşdi. – Adyň näme?

— Aleksandr Iwaşow, siziň jenabyňyz.

— Bu ýerde, tekeleriň arasynda nähili ýaşadyň?

— Aý... ýesiriň ýesirlikdäki ýaşaýyşy-da, siziň Aly jenabyňyz.

— Göwnüňe degdilermi? Urdularmy? Sökdülermi?

— Ýok, siziň Aly hezretleriňiz. Urmadylaram, sökmedilerem, asla göwnüme-de degmediler.

Skobelew: dogryňy aýtýaňmy ýa ýalan sözleýäňmi, diýen manyda az salym Iwaşowyň ýüzüne seredip durdy-da, gapdalyndaky ofiserlere ýüzlendi.

— Soldaty tyla ugradyň. – General şondan soň Iwaşowa ýüzlendi. – Ol ýerdenem öýüňe gidersiň. Indi seniň üçin gulluk gutardy.

Iwaşow dim-dik durup, çest berdi.

— Blagadarstwuýu Waşe blagorodiýe...

Şol wagt arka tarapdan ýene-de gandallaryň sesi eşidildi. Bu gezek generalyň duran ýerine ýetip gelýän ona golaý ors ýesirleriniň arasynda Matrosowam bar. Tolgunmakdan ýaňa onuň dodaklary kemşerýär, ullakan mawy gözleri öňküsindenem beter çerrelýär, çerreldigiçe-de çygjarýar, burnunyň ganatlary uzak aralykdan ýüwrüp gelen atyňky ýaly ýellenmekden ýaňa ýarylaýjak bolýar. Ýöne, öýküleri ýaly, aglanok, özüni alyp barşy öňkülerinden kän tapawutly. Merdemsi. Ýesirlikde geçen bir ýyla golaý wagt oňa özüňi nirede nähili alyp barmalydygyny öwredipdir.

Gala dolanyp getirilen aýal-gyzlar, çagalar gyşyň uzak hem çapgyn şemally sowuk gijesini galanyň bir burçunda çugdamlanyşyp, geçirdiler. Üşemezlik üçin biri- birlerinie berk gyslyşdylar, çagalaryny bagyrlaryna basdylar. Barymyzy gyrarlar, diýen gorky olary hasam ejizletdi. Şonuň üçinem käte aýry-aýrylykdaky, käte bolsa bilelikdäki çykýan iniňi tikeneklediji agy sesleri tä daňdana çenli garaňky gijäniň tümlügini böwsüp baryp soldatlaryň gulaklarynda ýaňlandy durdy.

Gije galanyň içine patrullar iberildi. Ýöne, soldatlaryň bu ýumşa aňsat-aňsat gidesleri gelmedi. Sebäbi, entegem tümlerden ýa gara öýlerden tekeleriň eli ýaragly galan-gaçanlary duş gelýär. Oklary, tüpeňleri bolsa atyşýarlar, bolmasa-da, gylyçlaryny syryp çykýarlar-da, gözleri ýok ýaly soldatlaryň üstlerine topulýarlar.

Iň bolmanda pyçak, gyrkylyk, palta ýa teşe bilen hüjüm edýärler. Juda bolmasa ýalaňaç ellerini öňe uzadyp, penjelerini ýaýyp özlerini soldatlaryň üstlerine zyňýarlar. Dagy alaç tapmasalar, bir çemini tapyp özlerini öldürýärler. Tümden el göterip ýa «aman» diläp çykýany ýok. Şonuň üçinem, şol gije soldatlar özlerini örän ätiýaçly alyp barmaly boldular.

Söz berşi ýaly, şol günüň ertesi, Skobelew Hajymyrady kabul etdi. Özi üçin ýörite gurlan gara öýüň töründäki tegelek, kiçeňräk stoluň aňyrsynda aýaklaryny biri-biriniň üstüne atyp oturşyna, terjimeçi arkaly galanyň içinde soňky günlerde nämeleriň bolup geçendigi barada sorady. Ýarasynyň berýän yzasyndan ýaňa ýüzüni çytyp oturşyna Hajymyrat:

— Siziň bilen gepleşik geçiren günüm bolan maslahatda hanlar, işanlar iň soňuna çenli söweşmekligi karar etdiler. Olar siz gala girmäge milt edip bilmersiňiz öýtdüler. Çozsalar öz ajallaryna el buladyklary bolar, barysyny gyrarys, diýdiler. Şol pursatdan başlap ýekeje adamam galadan çykarylmady. – diýdi.

General sakgalyny sypalap, gaşlaryny gerdi.

— Näme, öň galadan çykyp gidenlerem boldumy?

— Boldy. – Hajymyrat az-kem dymdy. Böwrüni diňledi. – Dogrusy galanyň gabawsyz tarapyndan girim-çykym hemişe-de bolýardy. Her kim bir iş ýa tabşyryk bilen gidýärdi, gelýärdi, ýöne, soňky günlerde barjamly, ulaglary gurat adamlar özleri gaýdyp gelmekligi wada berip, maşgalalaryny, emläkleini guma göçürip başladylar.

— Dolanyp geldilermi?

— Ýok, gelmediler. Sebäbi, gijeki çozuşlaryň iň soňkusynda uçursyz köp ýitgi çekildi. Diňe Marydan gelen kömekçilerden iki ýüz adam öldi. Şondan soň adamlaryň ýeňşe bolan ynamlary gaçdy. Dürli bahanalar bilen gidýänleriň lapyny keç etdi. Şonuň üçinem, şol günki maslahatdan soň hiç kimi galadan goýbermediler. Galanyň diwary ýarylandan soň welin bu olara başartmady. Çaga-çuga, aýal-ebtat bilen bilelikde goraýjylaryňam aglabasy, demirgazyk derwezä tarap bosdy. Gädilen diwar ugrundaky söweş gazaply boldy. Dört häkimiň biri Hezretguly hanyň bir aýagy şol ýerde ýolundy. Orazmämmet han, Hanmämmmet atalyk ýaly başdanaýak uruşmazlygyň tarapdary bolan adamlaram şol ýerde ýogaldylar. Dykma serdaryň ogly Akberdi hanam şol ýerde wepat boldy.

— A Dykma serdaryň özi?

— Ony men bilemok. Sebäbi, soňky wakalardan men bihabar.

— Näme üçin gaçmadyň? Ýa meniň düýnki beren sözüm üçin galdyňmy?

— Ýok, gaçara ýagdaýym nolmady. Çünki, men ýumrulan diwar ugrundaky söweşde ýaralandym. Şeýle-de bolsa, köpçülige galadan çykyp gitmäne maý bermek üçin, özüm ýaly ýigitler bilen gädigi goradym. Soňabaka ýagdaýym has agyrlaşdy. Bukyrak bir ýerde gizlenäýmekden başga alaç galmady. Soldatlara görnen bolsam atardylar. – Hajymyrat azajyk ikirjiňlendi. – Elbetde, siziň beren wadaňyzam ýadymda...

— Tekeler nirä ýygnanarlar öýdýäň?

— Megerem, «Ilek» guýusyna ýygnansalar gerek?

— Näme üçin?

— Ol ýerde ýeterlik agyz suwy bar. Onsoňam...

— Howwa?..

— Onsoňam ol ýerde Ruhy batyr barmyşyn.

— Guşly batyrmy?

— Howwa. Elbetde, ol bir ýerde uzak eglenýän däldir, ýöne, iň bolmanda häzirlikçe-hä şol ýerdemişin. Halk oňa öz hossary hökmünde garaýar.

— Sen näme üçin maňa onuň salgysyny berýäň?

— Sebäbi, indi uruş gutardy.

— Sen nähili pikir edýäň, ol halky täzeden aýaga galdyryp bilermi?

— Biler, eger-de halk islese.

— Halk islärmi?

— Ýok.

— Näme üçin?

— Ol ysgyndan gaçdy. Halys egbarlady.

— Egerde halk islese, Ruhy batyram olary aýaga galdyrsa, senem olara goşularmyň?

— Goşulmaly bolaryn. Sebäbi, bu meniň bojum. Men öz ykbalymy halkyň ykbalyndan aýra tutup bilmen.

— Sen nähili pikir edýäň, türkmen halky ruslary ýigrenermi?

— Elbetde. Bu gyrgynçylyk türkmenleriň aňyndan bäri-bärde çykmaz.

— Sen örän batyr ýigit, Hajymyrat. Umuman, türkmenleriň hemmesem batyr. Hormata mynasyp halk. – Skobelew az-kem dymdy. – Türkmenler ýesir alnan maşgalalarynyň yzyndan gelerlermi?

— Gelerler. Öz maşgalasy üçin türkmen özüni dowzaha urmalam bolsa urar.

— Boýunam bolarmy?

— Bolar.

— Nädip bilýäň?

— Sebäbi, indi başga ýol ýok... Ol ýeňildi. Utuldy. – Hajymyrat generala Hakyda mollanyň gurt hakyndaky hekaýatyny aýdyp berdi. – Gurt gapana düşdi. Ol indi syňragyndan sim geçirseňem ýüzüňe gaýrylyp bakmaz. Skobelew ajy ýylgyryp başyny ýaýkady.

— Gör nähili ýowuz hakykat.

— Ýöne, ruhy taýdan, ol hiç haçan hiç kime boýun bolmaz.

Aňynyň aňyrsynda bir ýerde ekinlige bolan islegini hemişelik saklar.

Skobelew tekeler Tejende ýa Maryda, iň bolmanda gum içindäki guýularyň birinde ýygnanarlar, özlerini dürsäbem garşylygy gaýtalarlar öýdüpdi. Hajymyrat bolsa, «garşylyk bolmaz» diýip, diýseň, ynamly gürleýär.

Şol wagt ýene bir türkmeniň lagere gelendigini habar berdiler.

General kesgitli gürledi.

— Getiriň.

Goňrumtyl selçeň sakgally, solgun ýüzi menek-menek, keselbentdigi daşyndanam bildirip duran, elli ýaşlaryndaky hortaň bir kişini alyp geldiler. Ol yzyny üzmän üsgürýär. Skobelew onam Hajymyradyň ýanynda oturtdy.

— Adyň näme?

«Has-has» edip, iki çigninden dem alyp oturan ýaşuly ilk-ä generalyň, soňam näme üçindir Hajymyradyň ýüzüne seretdi.

— Adym Öwezdurdy. Öwezdurdy han... – Üsgürmekden ýaňa sesi gyrylandygy sebäpli ol her sözünde diýen ýaly uzyn-uzyn ardynjyramaly bolýar. Üstesine-de aljyraýar. – Men öz gyňyr tirämiziň baştutany... Üh-he, üh-he... Häzir däl, öň. Ýarawsyzlygym zerarly Dykma serdar meň ýerime bogaja tiresinden Mämmetguly hany belledi.

— Sen şol mesele boýunça geldiňmi?

— Ýok, men muny maglumat üçin aýdýan. – Gelmegimiň sebäbi... – Ýaşulynyň indiki sözi Hajymyradyň ýap-ýaňyja aýdan sözüni tassyklady.

Bogajalaryň köpüsi gumda oturardy. Ýöne obada oturýanlaram bar. Bosan wagty olaryň obada oturýan bölegem gumdaky garyndaşlarynyň üstüne bardy. Biziň gyňyrlarymyzam şol ýere bardylar. Indi şolaryň ikisem maşgalalaryny alyp öz obalaryna dolanyp barmagy isleýärler. Men ine, şolaryň şol haýyşyny size ýetirmek üçin geldim.

— Bu olaryň öz isleglerimi?

— Howwa. Hemmesi üýşüp maslahat etdiler-de, meni siziň ýanyňyza iberdiler. Men şuny sizden uly towakga edýärin.

— Näme üçin olar seň ýeriňe saýlanan täze hanlaryny däl-de, seni iberdiler.

— Sebäbi indi Mämmetguly han ýok. Ol öldi. Entek galadakak ýogaldy.

— Ol diýýän adamlaryňyz häzir nirede?

— Aşgabat bilen «Ýegen gazak» guýusynyň aralygyndaky gyşlagymyzda. Birleşen atly ýigitlerimiz bolsa Bogaja guýusynda bolmaly. Olar Gökdepeden demirgazyk tarapda ýerleşýän «Ýerbent», «Mämmetýar ýanyk», «Gutly aýak» guýularyndaky talaňçylardan goraýarlar.

— Bogaja guýusy nirede?

— Gökdepeden demirgazyga tarap eşeklä ýarym günlik ýol.

— Talaňçylyk edýänler kimler?

— Sallatlar... – Öwezdurdy han aýtmasyz sözi aýdandygyny duýup sesini «tapba» kesdi. Ardynjyrady. Üsgünjiredi. – Parslar, kürtlerem häli-şindi bizar edip durlar...

General onuň ýagdaýyna düşündi. Şonuň üçinem, ýeňijiniň dabaraly görnüşi bilen diýseň parahat gürledi.

— Arkaýyn boluň, soldatlar mundan buýana siziň mallaryňyzy talamazlar. Parslardyr, kürtlere-de talatmazlar. Sebäbi, o mallar indi olaryň özleriniňki. Öz baýlyklary. Onuň Aly Hezretleri Beýik Imperatoryň hazynasyna degişli. Mundan buýana siziň mallaryňyzam, özüňizem, mülküňizem, ýurduňyzam şoňa degişli.

Bu sözleriň aňyrsynda nämeleriň ýatandygyna Hajymyradam, öwezdurdy hanam örän gowy düşündi. Çünki, bu gulçulyga düşülendiginiň, erk-ygtyýaryň elden giderilendiginiň alamatydy. Ýöne, hiç haýsy sesini çykaryp bilmedi. Sebäbi, olar ol wagt baknalygyň başlanandygy baradaky hakykat bilen ýüzbe-ýüz durdylar.

Myhmanlarynyň içinde gopýan harasadyň näderejededigine gözi ýetip duran general Öwezdurdy hana:

— Siziň haýyşyňyzy kanagatlandyrarys. Obadaşlaryňa aýt, arkaýyn gelibersinler. Biz olara öňki mülklerinde ornaşmaga rugsat bereris. Geljek diýseler

– gumlularyňya-da rugsat bereris. Ýer-suwam bereris. – Ol Hajymyrada tarap baş atdy. – Bu ýigit gidenleriň hemmesi öz maşgalalarynyň yzyndan gelerler, diýýä. Sen şony tassyklap bilermiň.

Hälki agzyndan sypan söz üçin gep eşitmekden geçen gaýtam özüne sala salynýandygyna begenmekden ýaňa Öwezdurdy han arkan-ýüzün gaýyşdy.

— Bilerin! Tassyklap bilerin. Sebäbi, olar eýýäm siziň rugsadyňyza garaşyp otyrlar. Çünki, tomus ýetip gelýär. Jöwza düşse onça adam gumda saklanyp bilmez. Maryda bolsa artykmaç ýerem ýok, suwam.

— Hanlar, serdarlar, işan-mollalaram şolaryň arasyndamy?

— Ýok. Olar gaçdylar. Gizlendiler. Haýsysynyň nirededigini bilýän ýok. Dykma serdaryň, Orazmämmet han, Gurbanmyrat işan dagy bilen Mara giden bolmagy mümkin. Çünki galadan çykjak wagty onuň şeý diýenini eşiden adamlar bar.

Şonuň bilen sorag-jogap tamamlandy.

Haýyşy bitirilen Öwezdurdy han ýerinden ýeňillik bilen gopdy we generala köp-köp minnetdarlyk bildirdi. Haýal etmänem, obadaşlaryny hoş habar bilen begendirmek üçin ýola düşdi.

Skobelewiň tabşyrygy boýunça Hajymyrat sanitar bölümine eltdiler. Düýnki daňysyny täzeletdiler we gowy gutulandan soň islän ugruna gidip biljekdigini aýtdylar.

Howul-hara gaçmak bilen, tekeler öýlerindäki we tümlerindäki zatlaryň ählisini diýen ýaly taşlap gitdiler. On iki müňdir diýlip çaklanylan gara öýleriň hersinden üç-dört çuwal däni duşmana olja düşdi. Her çuwaldaky dänäniň agramy ýedi-dokuz put. Şeýle-de, künji, un, jöwen, saman, haly, palas, keçe, şaý-sep, ýüň, ýüpek, matam dokma enjamlary, oba hojalyk gurallary, gazan, tagan, gap-çanak, ýüňden, ýüpekden dokalan haltalar, çuwallar taşlanyp gidildy. Ýarag az. Gabaw döwri huruşlyk üçin soýlandygy sebäpli iri şahly mallar az. Ýük urlup ýa münülip gidilen bolmaly, at, düýe ondanam az. Alynan ähli olja alty million çiwe diýlip hasaplanyldy.

Şu zatlaryň barysy resmi suratda ýeňijiniň hukugy oljasy diýlip yglan edildi.

Un we saman goşuna paýlandy. Bugdaşyň hem un bilen birlikde alty müň adama bir at oňňut bolarlyk mukdary goşun intendantynyň haýryna geçirildi. Galan bugdaý we jöwen öňki ýerlerine gaýdyp geljekläriň has garybyraklaryna ekin ekmek üçin paýlap bermeli edildi.

Hajymyrat Öwezdurdy han bilen bolan gürrüňçilikden soň, Skobelew galanyň günbatar çetine, hüjüm wagty Gaýdarowyň kolonnasynyň harby hereketleri alyp baran ýerineaýlanyp gördi. Şol ýerler hem, galanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly adam maslyklaryndan ýaňa leýs bolup ýatyrdy.

Skobelew 1879-njy ýylyň 28-nji awgust güni general Lomokiniň ýolbaşçylygynda ors goşunlarynyň hereket eden ýerine hem aýlanyp gördi. Ondan soň gala dolandy we özüne şeýlekin şöhratly ýeňşi bagş edendigi üçin, Biribara mynajat etdi. Geçen hem şu gezekki uruşda wepat bolan soldatlaryň ruhlaryna bagyşlap doga okalyş dabarasyny gurnady.

Şol gün ol galanyň içinde öeňiş paradyny hem geçirdi. Ondan sow galadaky bäş ýüz sany pars ýesirlerine dumly-duşda pytraşyp ýatan, eýýäm ynjap ugran maslyklary ýere duwlamaklygy öz golastyndakylara tabşyrdy.

Ýokanç kesellerden goramak, şeýle-de porsap ýatan maslyklaryň ýüreklerini bulamazlygy üçin, Skobelew bu işe öz soldatlaryny çekmedi.

— Ýöne, soldatlara berk sargaň, pars ýesirleri bilen özlerini oňşukly alyp barsynlar gödek daraşmasynlar, paýyş söz aýtmasynlar – diýip, ol öz ofiserlerine tabşyrdy. – Sähel zat üçin eýran döwleti bilen aramyza tow düşäýmesin. Mylakatdan gahara geçmek aňsat ýöne, gahardan mylakata geçmek kyndyr. Bir samsyk kişi guýa daş atar welin, on akylly bolubam çykaryp bilmezler.

Galanyň diwarlaryny ýykyp, gumuny pars ýesirleriniň üstüne ýükledi. Çünki, ýeňişden soň, onuň öňden bäri edip gelýän iň belent arzuwlarynyň biri.

Şondan soň has aýylganç zat; ýagny, dört günlik rugsatly talaňçylyk – Baranta yglan edildi. «Ýöne, aýal-gyzlara el garmaly däl. Namysyna degmeseň, bir boýun bolandan soň bu halk galan zadyňa çydar. Biz merdana hem batyr halk bilen iş salyşýarys». Bu, Skobelewiň öz soldatlaryna we ofiserlerine dilden beren görkezmesi.

Namysyna degilmese-de, talaňçylyk maksady bilen aýal-gyzlara jebir bary welin berildi. Olaryň gulakhalkalarynyň eti bilen, bilezikleriniň gollary bilen, ýüzükleriniň barmaklary bilen çapylyp alnan gezeklerem az bolmady.

Bu pajygaly işleriň soňy özboluşly baýramçylyga öwrüldi. Galanyň düýbünde bazar açyldy. Niredendir bir ýerlerden peýda bolan ermeniler haýdan-haý söwda başladylar. Soldatlar galadaky öýlerinden, tümlerinden tapan zatlaryny – halylaryny, şaý-sepleri geýim-gejimleri, gap-çanaklary daşadylar. Degerine-degmezine berip ýene-de yzlaryna ugradylar. Ýüz manada durýan halylary bäş-üç manada, käte bir manada, käte bolsa ýekeje bulgur araga çalşyp giden gezeklerem boldy. Hä diýmän olar ýene-de şolar ýaly gymmat bahaly harytlardan ýüklenip geldiler we ýene-de itiň mugtuna berip gitdiler.

Bu habar ýyldyrm çaltlygynda Ilek guýusynyň başyna ýygnan bosgunlara-da baryp ýetdi. Olara hossarlyk edip oturan Ruhy batyryň we onuň ýigitleriniň gazabyny joşdurdy. Olar haýal etmän, duşmana entek urşuň gutarmandygyny, ýeňiş toýuny toýlardan, Ahal topagynda beýle eden-etdilikli hereketlere başlardan irdigini, garşylygyň entek-entekler dowam etdiriljekdigini derhal duýdurmaklygy makul bildiler. Şol maksat bilenem, bazaryň ikinji güni öýlänaralar Ruhy batyr öz ýigitleri bilen galanyň günorta burçunda, düýbünden duýdansyz ýagdaýda peýda boldy we ur-tut, köpüsi serhoşlygyndanam açylybilmän, ýüzlerini agdarlan tezek ýaly edişip ýören elleri ýaragsyz talaňçy soldatlaryň üstüne döküldi.

Soldatlar birbada erbet aljyradylar. Söwdegär ermeniler bolsa zatlaryny taşlab-a gaçyp bilenoklar, goranmaga bolsa ýaraglaram ýok, oňa ukyplaram ýok. Ellerini gala tarap galgadyşyp bir zatlar diýýärler, o-da orsçamy ýa ermençemi, bilýän ýok. Arasynda ýarym-ýalta türküleýänlerem bar. Her niçik hem bolsa Ruhy batyryň ýigitleri esasan soldatlara hüjüm etdiler. Türkmen ýigitleriniň uly hyruç bilen salgaýan ýalaw ýaly gylyçlaryndan olar ýalaňaç elleri bilen goranjak bolýarlar, aýaklaryny gerýärler, dyzlaryna çöküp ýalbarýarlar.Egerde, galanyň demirgazyk burçunda gorag hökmünde goýlan sakçy soldatlar gelip ýetişmedik bolsalarm onda «bazarçylar» barysyny türkmen ýigitleriniň gylyçlaryndan geçiräýmekleri ahmaldy.

Ýigitler irbada sakçy soldatlar bilenem çaknyşyp aldylar. Şol wagt galanyň daşyna çoguşyp çykan ýesir aýal-gyzlaryň barysy birden:

— Alla-a!.. Şol ýigide kuwwat ber! Oňa kömek et! Gylyjyny ötgür et! Musurmanyň nähak ganyny ýerde goýma-a!.. – diýşip, gygyryşdylar. Ýöne, aç garna bolabsoň bu dileg, bu nalyş juda assa hem ysgynsyzçykdy. Şonuň üçinem, onuň ýetmeli ýerine baryp ýetmedik bolmagy hem mümkin.

Galanyň ähli derwezelerinden çykyp, sakçylara kömege gelýän kazaklaryň sanynyň artmagy bilen türkmen ýigitleriniň gabawa düşäýmeginiň ahmallygyýüze çykdy. Şonuň üçinem Ruhy batyr ýigitlerine assa-ýuwaş yza çekilmegi buýurdy. Ýigitler onuň aýdyşy ýaly etdiler. Ýöne, ýüzleriniň ugruna ýene bir gezek bazara degip geçmekligi hem unutmadylar. Mugt düşen gymmat bahaly harytlaryny at goşulan paýtunlaryna ýükläp, eýýämhaçan nirädir bir ýana ugramakçy bolup duran ermeni söwdegärleriniň ikisini öldürdiler. Galanlary bilen tutaklaşyp durmana wagt bolmady. Duşmanyň gysyşy güýçlendi. Guşly batyryň ýigitleriniň biri ugramana hyýallanyp duran bir söwdegäriň ýanyna bardy-da, gylyjynyň ujy bilen paýtunynyň içindäki halylary görkezip:

— Bulary eneň dokadymy? –şoňka alyp barýaňmy? – diýdi.

Söwdegär bir zatlar diýip, samradyd-a, gylyjyň hä diýmän öz depesinden inäýerinden howatyr edip, paýtunyň aşagyna sümüldi.

Şol wagtam Ruhy batyr guş uçurdy. Ýigitler duran-duran ýerlerinden gelen yzlaryna bakan at goýdular.

Ýigitleriň üç-dört sanysyna ýeňil-ýelpaý ýara düşdi diýäýmeseň, hiç-hili ýitgi çekmediler.

Ýesirler olaryň yzlaryndan garap galdylar, geleniň guşly batyrdygyny bilenlerinden soň-a hasam ekezlendiler. Kalplaryny umyt uçgunjyklary gaplap aldy. Şol gijäni olar: «Ruhy batyr ýeke däldir, entek Dykma serdar, Gurbanmyrat işan, Magtymguly han dagam guma siňen goşunlary jemleşip ýörendirler, işalla ine, indiki gezek şolaram Ruhy batyr bilen goşulyp gelerler welin, bu hanybaşgalar nirä girjeklerini bilmezler...» diýen ýaly umytlandyryjy, süýji arzuwlar bilen geçirdiler. Birek-birege göwünlik berdiler. «Ýene-de azajyk gaýrat etsek, biziňkiler yzymyzdan gelerler, hemmämizi halas ederler, obamyza äkiderler...» diýdiler.

Guşly batyryň bu hereketi, indi tekelerden gaýtawul bolmajakdygyna Hajymyratdyr Öwezdurdy han bilen bolan gürrüňçilikden soň berk ynanan Skobelewi serpmeden ýykylan ýaly etdi. Olaryň aýdyşlarynyň çyndygyna şübhe döretdi. Olaryň ikisinem tapdyryp, ýalan sözlänleri ýalňyş maglumat berendikleri has takygy aldandyklary üçin jezalandyrasy geldi. Ýöne, basym ol pälinden el çekdi. Bäş oýnam atlynyň turzan oýny üçin, ynamdar adamlara müňkürlik etmek bolmaz diýip, öz-özüne göwünlik berdi. Guşly batyr öňem halk bilen däldi, indiden soň-a halk oňa asylam goşulmaz, yzyna düşmez diýdi.

Ýöne, ätiýaç üçin galanyň daş-töweregini welin berkitdi. Sakçylaryň sanyny artdyrdy. Galadan ep-esli daşlykda gözegçilik nokatlaryny döretdi.

Şol zatlar bilen birlikde Baranta gutarandan soň, çapara girew saklanýan aýal-gyzlary, çagalary azyk bilen üpjün etmek meselesi hem ýüze çykdy, açlykdan, horlukdan ýaňa eňki agan köpçüligiň arasynda kesel ýaratmak howpy hem döredi. Bu barada goşunyň baş wrajy Geýfelder haýal etmän Skobelew bilen gürleşdi. General onuň teklibini kabul etdi.

惘 Dogry aýdýaňyz, doktor. Bi bulara öz gazabymyzy, görkezdik, indi bolsa rehimdarlygymyzy, görkezmegimiz gerek.

Şeýlelikde, ol ýesirleri olaryň hut öz azyklary bilen iýmitlendirmek barada buýruk berdi. Şeýle hem goşunyň «gyzyl haç» bölüminde girew saklaýan aýal-gyzlaryň, çagalaryň, garry adamlaryň ýaralananlaryna sereder ýaly, ýörite bölüm açdyrdy.

Bu çäreler ähli türkmenleriň aňynda Skobelewiň pikir edişi ýaly orslara bolan minnetdarlyk duýgularyny oýarmalydy we gaçyp gidenleriň öz maşgalalarynyň yzyndan basymrak dolanyp gelmeklerine ýardam etmelidi.

Diwr partladylan wagty Skobelewiň duran ýeri bolan «Welikoknýažesk» pozisiýasynyň ýaynda girew saklaýan türkmen maşgalalary üçin lager açyldy we olar ol ýerde erkin, ýöne gözegçilik astynda saklanmly edildi. Gala gidip azyk, odun, geýim-gejim getirmeklige rugsat berildi. Ýöne, olar o zatlary getirmekden birbada boýun towladylar. «Ertir başymyz alynjak bolnup durka zady başymyza ýapalymy», diýip, aglaşdylar.

Ýöne, «baş daşdan gaty» diýleni. Soldatlar-a olary öldürmediler, özlerem açlykdan ölesleri gelmedi. Şonuň üçinem, açylanyna üçünji gün diýlende lagerde hereket başlandy. Döwlet ganasyna we soldatlara gerek däl, diýlip hasap edilen zatlar, şol sanda iýmit hem aýallara geregiçe, ölçenmän berildi.

Asylam, ol wagt lagerdäki aýallaryň we çagalaryň takyk sanyny bilmek berilýän zatlary olaryň sanyna görä ölçemek mümkin em däldi. O zatlary aýyl-saýyl edere eli boş adamam ýok. Soldatlaryäam, ofiserleriňem hersiniň öz aladasy özüne ýetik. Şonuň üçinem, öldürilmejekdiklerine gözi ýeten aýallar indi galadan göteribilen zatlaryny lagere alyp getirýärdiler. Skobelewiň pikiriçe, bu hem türkmenleriň ýüreginde orslara bolan söýgi döretmelidi. «Gör bular nähili ýüregi ýuka hem mähriban adamlar ekenler. Biziň hanlarymyz bolsa bular bilen uruşdylar, bizi nähak gyrgyna berdiler» diýdirmelidi. Aýallaryna, çagalaryna garaşyk edilýändigini, Öwezdurdy han ýaly ýüz tutup göni barybilseň generalyň iç kimi jezalandyrmaýandygyny günälerini geçip, her kimi öňki obasyna goýberýändigini eşidip, gaçgynlar günübirin yzlaryna dolanyp gelmelidiler. Minnetdarlyk bildirmelidiler. Düýn duşman hasaplap ýören adamlaryny indi özlerine hossar saýmalydylar.

15-nji ýanwar güni Arçmanly Durdymyrat diýen orta ýaşlaryndaky, daýanykly, bir adamyň galada peýda bolmagy, Skobelewiň şol pikiriniň tassyknamasy ýaly bolup göründi.

 Biziň ýigrimi öýlümiz bar. Bize lükgämiz bilen öz obamyza barmaga rugsat edip. Ýogsam gyşdan çykybilmeris. Başga gidere ýerimiz bolsa ýok – diýip, Durdymyrat gelşi ýaly öz haýyşyny beýan etdi.

Skobelewiň jogaby nagt boldy.

 Bolýa! Obaňyza baryň. Ekin ekiň. Hasyl alyň. Isledigiňizçe ýaşaň. Biz sizi gorag astyna alarys. Öňki ýaly Eýran tarapdanam, Hywa, Buhara tarapdanam size azat beren bolmaz. Hiç kim siziň üstüňize alaman etmez. Ýöne, özüňizem şol zatlardan gaça duruň. Çünki, şu günden şeýläk siz Orsyýediň raýaty. Diniňiz,

ygtykadyňyz, Allaňyz, pygamberiňiz bilen işimiz ýok. Siz diňe her ýylyk alan hasylyňyzdan hökümete salgyt tölemeli blarsyňyz. Orsyýediň kada-kanuny bilen ýaşamaly borsuňyz.

惘 Bor, baýar... – Durdymyrat üstünde özüni diýseň bisereşgen duýup oturan oturgyjyndan turdy – Men badaşlaryma şeý diýip aýdaryn. Olar muňa razy bolarlar.

惘 Sen özüň razymy şoňa? Meniň aýdanlarym bilen özüň bir ylalaşýaňmy?

惘 Ylalaşýan, baýar, ylalaşýan. Ikelläp ylalaşýan. Ylalaşýanam, razylaşýanam.

16- njy ýanwar güni soldatlar Skobelewiň ýanyna ýene-de üç sany türkmeni alyp geldiler. Olaryň ikisi teke, üçünjisi Hywaly söwdegär. Tekeleriň biri Aşgabatly ýaş ýigit, ikinjisi Pendi ýolundaky Gümmezliniň golaýynda ýaşaýan, ýaşy duruşan adam. Ady handurdy.

Öňi bilen beýlekilere görä birneme alçagrak hem çakgan görünýän söwdegär Skobelewe özi barada gysgaça maglumat berdi.

惘 Meň aslym Hywaly. Tagtabazara söwda geldim. Ol ýerdenem... – Ol «Gümmezliden» gelene tarap baş atdy. – Ol ýerdenem ine şoň bilen Ahala gaýtdym. Ol meniň myhman ýerim. Bu ýerde uruş bolanyndan ikimiziňem habarymyz ýok. Gelsek ýagdaý şular ýalyrak ekeni. Ýoda... – Ol indi Annaberdä tarap baş atdy. – Ýolda-da ine şulara duşduk. Muň ady Annaberdi. Bular menden özleri bilen bu ýere bile gaýtmagymy haýyş etdiler. Her niçik hem bolsa Hywa Orsyýediň raýaty, belki seň bilen gowy gepleşerler diýdiler. Men gözüm bilen gördüm, halkyň ýagdaýy agyr. Rehim etmeseň bolar ýaly däl. Olar menden size şony ýetirmegimi haýyş etdiler. – Ol ellerini egnindüki Hywa donunyň ýeňine sokup durşuna Annaberdä tarap eňegini ülňedi. – Galanynam ine, ýigidiň özi aýdar.

惘 Howwa, howwa, rehim etmeseňiz bolar ýaly däl. – diýip, Annaberdem ony alyp göterdi. – Ýalan sözläp biljek däl, men özümem urşa gatnaşdym. Hüjüm güni galadan halk bile nbile çykyp gitdim. Ählisi garamaýak halkdan bolan atlylaryň köp bölegi häzir Maramy, Hywamy, nirä gitjeklerini bilmän, Ýerbent guýusynyň başynda goş basyp ýatyrlar.

惘 Ol ýerde hanlardan kimler bar?

惘 Hanlaryň birem ýok. Şonuň üçinem, halk meni iberdi. Näme etmelidiklerini sizden soramaklygymy haýyş etdiler, eger Siziň aly jenaplaryňyz rugsat berseler, olaryň barysy öz obalaryna dolanyp barjaklar.

Skobelew «gümmezliden» gelen Handurdynyň näme haýyşynyň bardygyny sorady. Handurdy Ahala hakykatdanam Hywaly söwdegär bilen gaýdandygyny, çünki, onuň öz myhmanydygyny, bu ýere-de şonuň bilen bilelikde, köpçüligiň haýyşy boýunça Annaberdä ýoldaş bolup gaýdandygyny aýtdy.

Skobelew Aşgabatlylaryň öz obalaryna dolanyp barmak isleglerini kanagatlandyrdy. Hywaly söwdegäre myhman ýeri Handurdy bilen bu ýerde söwda etmäne ygtyýar berdi. Patyşa goşuny tarapyndan adalatly kada-kanunyä ýöredilýändigini gaçgaklaryň ählisine ýetirmeklerini haýyş etdi. Halk arasyna ýaýratmaklary üçin ellerine ýaňky ýaly mazmundaky proklamasiňalary we talap hatlaryny berdi. Şol hatlarda boýun egýänleriň Aşgabada barmalydyklary barada aýdylýar. Çünki, ol galada öz ýerine polkownik Arşisewi galdyryp, özi bu gün-erte Aşgabada ugramakçydy.

惘 Biz bu ülkäni tozdurmana däl-de, asudalygy berkitmäge, ösdürmäge geldik, biz size diňe ýagşylyk etmek isleýäris – diýip, ol sözüniň soňunda aýtdy. Şeýle hem şu pikiri baran ýerlerinde köpçülige mümkin boldugyça çalt ýaýratmaklygy,wagyz etmekligi töwellaçylardan ýene bir gezek towakga etdi.

Onuň sargytlary ýerine ýetirildi. Hat üsti bilen eden çagyryşlary ýyldyrym çaltlygynda gum içine ýaýrady. Çakylyga ilkinjileriň biri bolup, Gyzylarbat hany häzir öz adamlary bile n»ilek» guýusynyň golaýynda garaşyp ýatan Sopy han we Hudaýberdi han seslendi. Olar özleriniň doly suratda boýun egýändiklerini ak kagyzyň ýüzünde gara hatlar bilen teswirläp, Skobelewe iberdiler. Olaryň ýazmaklaryna görä, bosgunlaryň aglaba bölegi Ilek guýusynyň daş-töweregine jemlenipdir we generalyň çykarjak netiesine garaşýarlarmyşyn.

Bu wagta çenli eýýäm Aşgabada gelip ornaşmna ýetişen Skobelew olaryňam haýyşlaryny kanagatlandyrdy. Olar geldiler. Ýöne, Sopy han ol ýerde entegem köp adamyň aýgytly bir netijä gelibilmän ýaýdanyşyp ýörendiklerini mälim etdi.

Şondan soň aman sorap Aşgabada gelýänleriň sany hasam köpeldi. Skobelew olaryň hemmesinem gowy kabul etdi. Has belliräk adamlary sylaglady, aýratyn serpaýlar ýapdy. Käbirlerine bolsa ilkinjileriň hatarynda medal gowşurdy.

22-nji ýanwar güni, Gökdepede müň adamdan ybarat bosgun peýda boldy. Olar galanyň golaýynda ýak çekdiler we öz aralaryndan dokuz adamy töwellaçy edip gala iberdiler. Olary Arşisew kabu letdi, gürleşdi we her on adamdan birini sýlap Aşgabada, Skobelewiň ýanyna iberjekdigini aýtdy. Galanlary bolsa ok-ýaraglaryny tabşyrmaly we tä jogap gelýänçä hiç ýana butnaman, soldatlaryň gözegçiligi astynda garaşyp ýatmaly.

Jogap köp garaşdyrmady. Ilçiler giden günleriniň ertesi gaýdyp geldiler. Generalyň hemmelere öňki oturan ýerllerinde ornaşmaklaryna ygtyýar berendigini aýdyp özlerini garaşyp ýatan bosgunlary begendirdiler.

Gelýänleriň sanynyň has artmagy bilen, Skobelew bosgunlary Arşisewiň özüniň Gökdepede kabul etmegine we olary öz obalaryna ibermeklige ygtyýar berdi.

Bu çüre-de gowy netije berdi. Türkmenler dumly-duşdan, öňküdenem köp mukdarda gelip başladylar. Olaryň köpüsi garamaýaklar. Daş görnüşleri gözgyny. Aç. Gelişleri ýaly, öňi bilen «aman» dileýärler, ondan soň garynlarynyň doýrulmagyny haýyş edýärler.

Halkyň tizara ýer sürüp ekin ekmelidigini, hasyl almalydygyny, mallaryny köletmelidigini göz öňüne tutup Skobelew ýaza çenli Ahal ülkesini tutuşlygyna boýun egdirmekligi ýüregine düwdi. Bu işiň has çalt we wagtynda amala aşyrylmagy üçin, ol, ekin meýdanlarynda galadaky pars ýesirlerini hem ýarpasyna işletmekleri üçin, ýerli daýhanlara rugsat berdi. Öz buýrugyny hat üsti bilen berkitdi.

惆 Men ýerli halk bilen çaltdan-çalt ylalaşyga gelinmegini, on ikinji ýanwar güni çykan tüpeň sesiniň şu ülkede iň soňky gezek bolup galmagyny isleýärin. Türkmenler ak ýürekli, sada, merdana we batyr halk. Biz bulary sylamalydyrys. Öňümizden duz-çörek bilen çykmandyklary üçin içimizde öç saklamaly däldiris. Bu olaryň özlerini halk hökmünde sylaýandyklarynyň, ýurtlaryny gözleriniň göreji ýaly goramaklygy başarýandyklarynyň alamatydyr. Hiç bir namysjaň halk üstüne ýarag çekip gelen halka öz ýurduny meýletin bermez. Egerde, şeýden bolsalar, onda bizde bu halka beýle uly hormat döremezdi. Biz olara gorkak, nadan halk hökmünde garardyk. Sylamazdyk. Şonuň üçinem, kim bilen iş salyşýandygyňyzy unutmaň. Ýeňdig-ow, diýip, kalbyňyzdaky olara bolan hormatyňyy kemmäň...diýip, Skobelew Aşgabatdaka öz ofiserleri bilen geçiren uly üýşmeleňleriniň birinde aýtdy.

Şondan soň ol bosgunlaryň entegem ikirjiňlenýänleri bilen gepleşik geçirmegi üçin, Kuropatkini kiçiräk otrýad bilen Ilek guýusyna iberdi .

Kuropatkin ol ýere 27-nji ýanar güni bardy. Goly dolduryp oturan adamlar olara gözleri düşenden «gürre» ördüler. Biri-birlerine gorkuly seredişdiler. Hatda, gaçmaga synanyşanlaram, ýaraga ýapyşanlaram boldy.

Kuropatkiniň öňi bilen gözüne ilen zat, bosgunlaryň köpüsiniň erkek adamlardan ybaratlygy. Aňal-gyz az. Olaram bir çetde çugutdyryşyp otyrlar. Olaryň arasynda Enehakyda bilen baýramgül tebibem bar.

Şu ýere gelneli bäri köpçülige kethudalyk edip ýören, Ýagmyr pälwan atly daýaw, ak sakgaly  döşüni ýapyp duran ýaşuly öňe çykyp, iki elinem ýokary galdyrdy.

惘 Duruň. Köşeşiň. Bular biziň bilen gepleşige gelen bolmaly...

Şondan soň ol agras ädimler bilen Kuropatkine tarap ugrady. Bary psalamlaşdy. Atdan düşmeklerini haýyş etdi. Kuropatkin mürehede mähetdel otrýada ýüzlendi:

惘 Düşüň...

Hemmeler  atdan düşdüler. Ýagmyr pälwanyň görkezmesi bilen myhmanlaryň aşagyna köne-küşül keçedir-palas  atdylar. Ýagmyr pälwan Kuropatikine bosgunlaryň hemmesiniň oba dolanmak isleňündiklerini aýtdy.

惘 Ýöne, bularyň hemmesi diýen ýaly urşa gatnaşan adamlar şonuň üçinem, olar jeza bolar öýdüp, generalyň ýanyna barmakdan çekinýärler.

惘 General urşa gatnaşanlaryňam, gatnaşmanlaryňam, hemmesiniň günäsini geçdi. Öz ýurduny goramaklygy başarandygy üçin ol urşa gatnaşanlara uly hormat goýýar. Hatda sylaglaýaram... – Mysal hökmünde Kuropatin tanalýan adamlardan Skobelewiň meşhur hanmämmet atalygyň ogly Mämmetadmana medal gowşurandygyny aýtdy. – Sizem ýaýdanmaňda arkaýyn baryberiň. Mülküňize eýe boluň. Ekin ekiň, mallaryňyzy köpeldiň. Mundan buýana siz uruş görmersiňiz. Parahat ýaşarsyňyz, arkaýyn zähmet çekersiňiz. Arkaňyzda bolsa dag ýaly bolup Beýik Orsyýet durar. Siz indi şol döwletiň raýaty. Biizň bilen deň-hukukly adam. Bar zady indi adalatly sudlar-kazylar çözerler...

Ýagmyr pälwanam öz gezeginde:

惘 Biz  söweşmäni başarýan halk. Ony subudam etdik. Ýöne, ýalan sözlemäni welin baöarmaýarys  . biz munam subut ederis  . ak patyöa ak ýürekden, janymyz , tenimiz bilen gulluk ederis. – Ýaşuly märekä tarap elini aýlap goýberdi. – Men muny şu oturan adamlaryň adyndan aýdýaryn...

Ýary oturan, ýarysy dik duran adamlaryň barysy birden ýüzüne şemal çalan deňiz ýaly tolkun atdy.

惘 Howwa, howwa, bizem şol pikirde!..

惘 Biz sizi aldamarys!..

惘 Ak ýürekden hyzmat etjekdigimize söz berýäs...

惘 Biz ýagmyr pälwany ýüň sakal   etmeris...

惘 Obamyza barmana rugsat berseňiz bolýa, galany biz bilen.

Terjime etdierl. Kuropatkin hoşallyk bilen baş atdy. Ýagmyr pälwandan Ruhy batyryň nirededigni sorady.

惘 Biz ol şu ýerdemişin, diýip, eşitdik – diýdi.

惘 Öň ol hakykatdanam şu ýerde ekeni. Sopy han dagy gidenden soň o-da bu ýerden gidipdir. Indi onuň göçenini gol, gonanyny ýel bilýär – diýip, ýaşuly jogap berdi . – Ol bir ýerde uzak durmaýar...

惘 Ol daşyna goşun jemleýärmi?

惘 Ony biz bilemozok.

惘 Ol siziň ýanyňyza gelmedimi?

惘 Ýok, biz ony göremzok.

Ýaşuly elbetde, Ruhy batyryň nirededigini bilýärdi, ýöne, onuň nirededigini, näme işläp ýörendigini aýtsa, Ruhy batyra dönüklik etdigi boljakdy, şonuň üçinem ol mejbury suratda ýalan sözlemeli boldy .

Ruhy batyr welin, halkyň başda çak edişi ýaly hakykatdan-da öz ýigitleri bilen Ilek guýusynyň başynda bolýardy. Halkam hut şonuň üçin şol ýere ýygnanypdy. Soň bosgunlaryň köpelmegi bilen, azyrak hem bolsa, suw ätiýaçlygyna hemem göze düşmezlik üçin ýigitleri bilen golaýdaky guýularyň birine göçdi. Ýöne, häli-şindi gelip, bosgunlardan habar tutup dur. Ruhlandyrýar. Söweşe ukyply bolan adamlara maşgalalaryny iberselerem özlerini boýun sunup gala barmazlyga, az-kem demlerini dürsänlerinden soň, beýleki guýudakylar bilen güýç birikdirip, garşylygy gaýtalamaklyga ündeýär. Arasynda beýleki guýulara-da aýlanýar. Ema bosgunlar barybir açlyga, horluga, sowuga çydaman, topar-topar bolşup gala sary gidýarler. Olary şeýtmeklige iterýän esasy zat çagalarynyň, aýallarynyň galada girew saklanýandygy.ýagdaý şeýle bolansoň Ruhy batyr oary saklajagam bolanok, ýöne kejikýär. Şeýle-de bolsa, umudy elden berenok. Esasy güýjüň Dykma serdar, Magtymguly han, Gurbanmyrat işan dagy bilen geljekdigine bil baglaýar. Onuň hut häzirem daş-töweregi gallap oturan alaňlaryň biriniň aňyrsyndan atyny elesledip wekiller bilen urşa giräýmegi ahmal. Ine, şonda welin wakanyň haýsy tarapa ugur aljakdygyny aýtmak kyn. Bazar gýni gala eden çozuşyndan soň-a ol asylam bir ýerde uzak eglenenok.

Bolsa-da Kuropatkinem Guşly batyr baradaky irginsiz soraglary bilen ýagmyr pälwanyň ýüregine düşüp durmady. Ol derhal atyna atlandy-da, isleseler hut häziriň özünde bosgunlaryny tabşyrmalydyklaryny diňe şondan soň her kimiň öýli-öýüne goýberiljek digini, özleriniň bolsa gum içindäki beýleki guýulara hem aýlanyp düşündiriş işlerini geçirmekçidiklerini hatda Ruhy batyr bilen gepleşmelem bolsa taýýardygyny aýtdy. Sözüni tamamlaberende hasyldan alynjak

salgyt barada hem maglumat berdi. Şeýdibem hoşlaşdy. Atlandy. Soldatlaram atlandylar. Bosgunlaryň arasynda howlukmaç hereketler başlandy. Şol wagtam märekäniň gündogar çetindäki alaäýä üstünde oturan aýal-gyzlaryň biri dim-dik boldy-da:

惘 Ýo-o-ok!.. – diýip, çirkin gygyrdy. Hemmeleriň nazary şol tarapa gönükdi. Ýaňy bir at başyny yza öwren Kuropatkinem, onuň soldatlaram sakga-saklandylar-da, yzlaryna gaňryldylar. Gözlerinden ýaş döküp duran gyz bolsa, ýene bir gezek: 惘 Ýo-o-ok!.. – diýip, gygyrdy-da, bukjasyny goltuklap aşaklygyna tarap ylgap gaýtdy. Gelip, Kuropatkiniň alkymyna dykyldy. Ene möjegiňki ýaly ýanyp gözlerinden çykýan otlukly nazaryny onuň geňirgenmekden ýaňa kem-kemden ulalyp barýa nmawy gözlerine dikdi. – Ýok! Biz boýun bolmyzok. Boýun egemizok! Ýaraglarymyzy tabşyramyzok! – Şondan soň ol bosgunlaryň içindäki eli ýaragly ýigitleriň ýanyna ýeke-ýeke baryp çykdy. – Doganlar! Beýtmäň! Boýun bolmaň!

Ýaraglaryňyzy tabşyrmaň! Biziň arkamyzda garagum dur. Ol biziň ata-babalarymyzy gorapdyr, bizem gorar. Ruhy batyr, Dykma serdar, Magtymguly han, Gurbanmyrat işan dagy hersi bir sebitde gaçgaklary ýygnap güýç toplap ýörler. Basym olar gelerler. Aýaga galarlar. Ýurdy duşmanyň elinden dolap alarlar. Biz ýene-de öňkimiz ýaly erkin ýaşarys. Hiç kime öz zähmedimizden salgyt tölemeris. Öz ryskymyzy özümiziýeris... – Ýigitler çykgynsyz güne galdylar. Aşak bakyp, ýuwdunyşyp durmakdan başga alaç tapmadylar. Gyzyň sesi öňküsindenem dözümli çykdy. – Siz Kurany Kerimden ant içdiňiz. Gala synýança diýip däl-de, tä, iň soňky demimize çenli söweşeris, ýa alarys, ýa öleris, diýdiňiz. Bu günem ýaraglaryňyzy tabşyrjak bolýaňyz, başyňyz dikkä ýurdy duşmana berjek bolýaňyz! Beýtmäň! Kyýamat maşgar güni Biribaryň öňünde antyndan dänen adam hökmünde asy bolmazyňyz ýaly, göreşe gaýtadan galkynyň. Edil şert edişiňiz ýaly ýa alyň ýa ölüň!..

Gyzyň bu ýangynly sözlerini eşidip ýeke bir ýaragly ýigitler däl, tutuş mňreke dymdy. Bütin Garagum dymdy. Hatda soldatlardanam, ýap-ýaňyja-da burunlaryny «parryldadyşyp» aýaklary bilen ýer peşeleşip duran atlardanam ses-üýn çykmady. Düýn-öýländen bäri zaryn-zaryn «şuwwuldy» bilen bosgunlaryň onsuzam sary gaçn ýüreklerini dilim-dilim eden inçemik gyş şemalam şol pursat «tapba» ýatdy.

Kuropatkin Ýagmyr pälwana soragly seretdi.

— Bu gyz kim? Ol näme diýýär? Oňa näme gerek? Näme üçin hemmeler dymdy?

Ýagmyr pälwan aşak bakyp, ýuwdunyp durşuna ýadana-ýaýdana:

— Bu biziň hakydamyz. Hakyda mollanyň agtygy. Ol halka hakydany ýatladýar, ýöne, biz özümiz öz aramyzda düşünişeris. Düşünişerisem, gala bararysam. – Soň ol Enehakydanyň ýanyna bardy. – Seniňki dogry, gyzym. Ýöne, nätjek! Boljak iş boldy. Biz utuldyk. Başga ýol ýok. Alajam ýok. Seň o diýýän göreşiň indi bolmaz. O diýýän adamlaryň gelmez. Ruhy batyr bolsa ýeke. Azlyk. Hakykatyň ýüzüne dogry seret-de, gowusy senem biziň bilen ýör... – Ýagmyr pälwan sözüni kesip, uludan demini aldy – Hemmelerden beter ýaş çagalar horlanýarlar. Köpüsem ýetim galdylar. Ulularyň bolsa aňyrda maşgalalary ýesirlikde. Girew. Bular baryp eýelik etmeseler, olaryň nä hala däşjekdiklerem belli däl.

Enehakyda aýalary bilen ýüzüni tutdy. Gaharyna bäs gelibilmänem aglady. Soň elini gözýaşa ezilen ýüzünden aýryp, gözlerini Ýagmyr pälwana dikdi.

— Şol çagalar ertir gul bolarlar, Ýagmyr aga. Gul häsiýeti bilenem öserler. Bigaýrat, nalajedeýin bolarlar. Bu bolsa olaryň bu günki görýän horluklaryndanam müň esse beter bolar. Şol pygyl soň olardan önjeklere-de geçer. Giden bir ýapja, ýaranjaň halk emele geler...

Ýagmyr pälwan aşak bakyp durşuna ellerini serdi.

— Her nesliň öz ykbaly, öz nesibesi bardyr, gyzym. Olaram şoňa görä bolarlar-da.

Nänämiň-nämedigine düşünenden soň, Enehakyda bilen Kuropatnikiniň özem gürleşdi. Ors hökümediniň türkmenler babatda alyp barýan syýasatynyň oňyn taraplaryny düşündirjek boldy. Skobelewiň aýdyşy ýaly: «Biziň size ýamanlygymyz ýok, biz siz diňe gowulyk isleýäris», diýdi.

Gyz onuň bu sözüne öňküdenem beter odukdy.

— Etjek gowulyklaryňyzyň, ýagşylyklaryňyzyň başy şu bolsa soňy nähili borka?

Şondan soň ol ýene-de eli ýaragly ýigitleri göreşe ündedi. Hemmesini şu ýerden gumuň has jümmüşine çekilmeklige, nirede bolsalaram tapyp Ruhy batyra, Dykma serdara goşulmaklyga yrjak boldy.

Ýigitler ýene-de dymdylar. Tüpeňleriniň sowuk nilni gysymlaşyp, gylyçlarynyň bagjaklaryny sypalaşyp, Enehakydanyň ýüzüne seredibilmän duruşlaryna gatbar-gatbar gaýaly gara-gara daglar deý dymdylar.

Birdenem... Birdenem herekete geldiler-de, ýuwaş-ýuwaşdan, başly-barat, synan galany, şol galanyň içinde ýollaryna göz dikişip, girew hökmünde ýesir oturan maşgalalaryny nazarlap günbatar sary süýşüp başladylar.

Ine-de, iň soňky topar Enehakydanyň öňünden geçip barýar. Ýüzleri agyr. Sowuk. Olar: ýör, senem biziň bilen, gideli, diýýän manyda batlaryny gowşadýarlar, soň aýak çekýärler, emma, Enehakyda ýerindenem gozgananok. Garagumyň jümmüşine ornan, düýbi berk owadan daragt deý, bukjasyny goltugyna gysyp, kimdir birine garaşýan ýaly alyslardan-alyslara garap dur. Gözleriniň öňünde bolsa, Horezm şalygy mongollar tarapyndan syndyrylandan soňam duşmana boýun egmän, kä sagdan, kä soldan gelip, duşmana gurt deý darap ýören, eli ýalmawuz ýaly ýalaňaç gylyçly, ak atly Jelaleddin soltanyň keşbi uçganaklady durdy. Enehakydanyň göwün islegine görä, ol kä Ruhy batyryň, kä Dykma serdaryň keşbinde göründi. Dodaklary bolsa: «Gelerler, gelerler... hökman gelerler... birinden-biri-hä geler... ... Halk ýetim ýurt dul galmaz...» diýip pyşyrdaýardy. Ol öz ýanynda kimdir biriniň garalyp duranyny gözleriniň gytagy bilen duýdy. Görse Baýramgül tebip. Ol ony gujaklap aglady. Baýramgül tebibiňem ony gala gitmäge yrasy geldi. Ýöne, bogny ysmady. Söz tapylmady. Enehakyda kesgitli gürledi.

— Bar, daýza, git. Şu ýerde ikimiziň ýolumyz aýrylyşýar.

Halys bolmajagyny bilip, Ýagmyr pälwan, Enehakydanyň ýanynda gorag üçin atly-ýaragly bäş adamy şeýle hem bir at galdyrdy. Oňa Ruhy batyry tapyp bermeklerini tabşyrdy.

— Bar gyzym, görjek adam;aryňy gör, garaşýan adamlaryňa garaş. Ýüregiňe sowuk suw ur. Häzirlikçe men saňa şundan başga hiç zat aýdyp biljek däl.

Kem-kemden daşlaşyp barýan bosgunlara garap, Enehakyda şondan soňam kän durdy. Olar arany açdyklaryça-da, ýüreginiň urmasy güýçlendi. Gözleriniň owasyndan paýraşyp dökülýän gözýaşlar bolsa, ter ýaňaklaryndan syrygyp, Garagumyň sowuk çäleriniň üstüne damdy.

Ýanyndaky ýigitler bilen, Enehakyda köp-köp guýulary aýlandy, emma gözleýän batyrlaryny tapyp bilmedi. Ruhy batyr-a Ýagmyr pälwanyň aýdyşy ýaly, bu gün bu ýerde bolsa ertir başga bir ýerde bolup çykdy. Dykma serdaram aýdyşlaryna görä, Mara-da gitmändir-de, Kakadyr-Duşak sebitlerinde, içini hümledip, serimsal bolup ýörmüşin. Magtymguly han bilen Gurbanlyrat işanyň Mara giden bolmaklary ýa ýygnamaýandyklary, ýene-de söweşip boljakdygy ýa bolmajakdygy barada belli bir maglumat ýok. Ahally bolsa eýýäm «Ýegenkäriz» guýusyna ýygnanan bosgunlaryň bir bölegi bilen Gökdepäboýun sunup barypmyş ýaragyny tabşyranmyş. Özem golundamy, nämemi, ýeňilräk ýaralananmyş.

Gözlegiň üçünji güni diýlende, bu habarlaryň çyndygyny gum içinde gabat gelen, entegem nirä gitjeklerini bilmän kaňkaşyp ýören on iki sany atly-ýaragly ýigitlerem tassykladylar.

— Howwa, şolar ýaly bir gürrüň biziňem gulagymyza degdi – diüip, Gurban atly alny sakar, dor ýabyly, uzynak, garaýagyz ýigit sowukdan ýaňa gap-gara bolan salpy dodaklaryny ýalap durşuna «labyr-labyr» etdi.

Enehakydany ähli habarlardan beter geň galdyran zat Ahally baradaky habaryň çyn bolup çykmagy. Ol esli wagtlap, agzyny açyp, ýakasyny tutup duransoň:

— Hakyr, boýun sunup barypmy? – diýip, Gurbanyň ýüzüne çiňerildi. – Ýaragynam tabşyrypmy? Beýle zat bolup bilmez. Ol Kurandan ant içdi ahyry....

Gurban eýer üstünde atynyň boýnuny sypalap otürşyna günleç gürledi.

— Şu wagtky topar-topar bolup gala barýanlaryň, at-ýaraglaryny tabşyrýanlaryň hemmesi öň ant içen adamlar uýam. Bizem içdik. Bizi boýun bolmakdan saklaýan zat – biziň indi hiç kimimiz ýok. Aýallarymyzam, çagalarymyzam öldi. Indiden soň gol göterip baranymyz bilenem, obamyza dolananymyz bilenem biziň utýan zadymyz ýok. Biz indi ant içişimiz ýaly tä, iň soňky damja ganymyza çenli söweşjek... Şonuň üçinem, biz häzir çaňly guýa barýas. Ruhy batyr şu wagt şol ýerdemişin. Ol biz ýaly iki tarapyny deňlän ýigitleri toplap, göreşe taýýarlanýarmyşyn. Gum içinde enteşip ýörenler başga-da köpdür. Jemlenip, ilki gaça urşa başlasak kem-kemden sanymyz artar, şu wagtky gidýanlerdenem soň gelip bize goşulanlary bolar.

Enehakydanyň göwün guşy asmana göterildi.

— Dogry aýdýaň, dogan. Siziň şu wagt derhal Ruhy batyr, Dykma serdar ýaly adamlaryň daşyna üýşmegiňiz gerek. – Enehakyda alyslara bakypdelmurdy. – Ýöne, Ahallynyň ýaragyny tabşyranyna men barybir ynanamok. Ynanyp bilemok. Tä, özi bilen ýüzbe-ýüz durup gürleşýänçäm ynanmanam. Siz ýöne ruhdan düşmäň, men Ahallynam, beýleki ýigitlerem siziň ýanyňyza, çaňly guýa ibererin. Men bu işi özüm boýnuma alýan. Häzirlikçe bolsa hoş sag boluň! Halkyň öçüp barýan umyt uçgunkyklaryny köretmek, täzeden tutaşdyrmak biziň borjumyzdyr.

Enehakyda ýanynyň ugradyjylary bilen, şol günüň özünde, Ahally baradaky gürrüňiň anygyna ýetmek üçin Gökdepä tarap ýola düşdi. Ýoldaşlaryny gum içinde bellirák bir ýerde galdyryp bardy. Girdi. Ahallyny tapdy. Gürleşdi. Ahally özüniň Enehakydany gözläp sökmedik ýeriniň galmandygyny aýtdy. Görenine begendi. Ol

dogrudanam çep eliniň tirseginden ýeňiljek ýaralanan ekeni. Ýöne, «Gyzyl hajyň» sanitarlary beýlekiler bilen bilelikde oňa-da şepagatçylyk kömegini beripdirler.

Enehakyda ony diňläp bolandan soň sowukganlylyk bilen:

— Aýdylýanlar çynmy, Ahally? – diýdi.

Bu sorag Ahally üçin oslagsyz bolan däl bolsa gerek, şonuň üçinem ol düşnüksiz ýylgyryp durşuna müýnsiz gepledi.

— Haýsy aýdylýanlar?

— Seniň gal boýun sunup geleniň? Ýaragyňy tabşyranyň?

— Weý, häzirhemmelerem şeýdýäler ahyry.

— Gürrüň sen hakda barýar, Ahally.

— Başga ýol ýok. Uruş gutardy. Özem ýeňliş bilen tamamlandy. Öňki öňe düşüp ýörenleriň bolsa häzir birem görnenok. Öleni öldi, galanlary bolsa halky taşlap gaçyp gitdiler.

— Şol ardan seniňnäme kemiň bar? Öň olar öňe düşen bolsalar, indi özüň öňe düş. Ýere gaçan başşdagy özüň galdyr. Iň bolmanda bar-da Ruhy batyra goşul. Hä diýmän ol ýere Dykma serdar dagam barjak. Magtymguly han bilen Gurbanmyrat işanam Marydan, Tejneden goşun toplap geljekler.

Ahally batyr sesine agram salyp gepledi.

— Halk uruşdan ýadady, Enehakyda. Ýerden çöplänje oklary bilen atgyr topларyň garşysyna durup bilmejekdigine gözi ýetdi. Watan üçin jan berme, gan dökme keminem goýmady. Onuň indi dynç alasy, asuda ýaşasy, ekip ekin hasyl alasy, çagasynyň garnyny doýurasy, maşgalasyny ekläsi, adam ýaly ýaşasy gelýär. Uruş bilen halkyň garyny doýmaz. «Oýunçy utulanyny bilse ýagşy», diýipdirler.

— Birinjiden-ä bu zatlar oýun däl, çyn. Galyberse-de, bu zatlar barada öň pikir etmeli ekeniňiz – Enehakyda mümkin boldugyça özüni parahat saklamana çalyşdy. – Ant içmänkäňiz, Kurandan ätlemänkäňiz pikir etmeli ekeniňiz. Asla uruşmaly däl ekeniňiz. Ors baýarlarynyň öňünden eliňiz duz-çörekli çykmaly ekeniňiz. Ýa başda aýtmadymmy saňa şular ýaly çözülmesi kyn meseläniň öňünde durmaly bolaýmagyň ahmallygyny? Duýdurmadymmy? Ant içme, diýmedimmi? Uruşdan diri sypyp, ýeňlen günüňem gylyjyňy gynyňa salaýsaň men senden ýüz öwrerin, diýmedimmi.

— Diýdiň. Ýöne, ant içenem, ölmän galanam ýaragyny tabşyranam ýeke men däl. Men Ruhy batyr ýaly atymy ýeke çapamok. Ildenem çykamok. Halk näme etse menem şony edýän. Öňem şeýtdim häzirem şeýdýän. Bu zatlaryň günäsi meniň däl-de, başda halky urşa odukdyryp bu günki günem niredediklerem belli däl

adamlaryň boýnuna. Meni mundan artyk gepletme, Enehakyda. Gel, gowusy şu gürrüňi goýaly.

— Men seni tanamajak bolýan. Ahally. Sen öňki Ahally däl. Uruş seni üýtgedipdir.

— Öňem halky urşa belli-belli adamlar iterdiler. Şol aýylganç tupanyň indi ikinji gezek gaýtalanmagyna men-ä sebäpkär bolup biljek däl. Senem beýle ýowuz işi boýnuňa alma. Gowusy gel, öň gepleşişimiz ýaly durmuş guraly. Bu aýylganç uruşda wepat bolan gerçekleriň orunlarynyň dolmagyna öz goşandymyzy goşaly. Öseli, örňäli, köpeleli.

— Diýmek, onda sen söýgiňe dönüklik etmäne kaýyl-da?

— Ýok, men oňa kaýyl däl, taýynam däl. Beýdip, ýolugra taşlap gidiberer ýaly men seni hiç haçan kiçi dilden bärde söýmändim. Çyn ýürekden söýýüpdi. Men seni häzirem çyn ýürekden söýýän. Şonuň üçinem meniňem seni barýan bu ýalňyş ýoluňdan sowmak borjum. Özüňi göz-görtele oda itekleme, halkam itekleme.

— Men saňa namart ýa gorkak diýip biljek däl, Ahally. Sen tä soňuna çenli söweşdiň. Onda-da mert durup, söweşdiň. Ýöne, ine, indi göreşiň ikinji tapgyry geldi, welin, meýdanda adam görnenok. Men ine, şuňa düşünibilemok. Näme üçin beýdip, iki günüň içinde mertler namart boldular? Bu ýagdaý erte-birigün şol mertleriň ornuny namartlaryň eýelemegine getirmezmi eýsem?.. sen maňa ine, şuny düşündir, Ahally!..

— Bu zatlar onsuzam düşnükli, Enehakyda. Iki halk uruşdy. Biri beýlekisinden ýeňildi. Ana, şol ýeňilen halkam indi üeňijä boýun bolaýmaly. Durmuşyň kanuny, taryhyň kadasy şeýle. Bu öňem şeýle bolupdy, mundan buýana-da şeýle bolar. Başga ýol ýok.

— Ýol-gözlemedige ýokdur, gözläne bardyr, tapylýandyr. – diýende, Enehakydanyň gözlerinden uçgun syçrady. – Iň soňky gezekki gepleşigimize görä, men indi seňki däl. Elden giden ýurtda sen aýagyňy uzyn salyp otursaňam men oturybiljek däl. – Enehakyda batly ädimler bilen ugrady. – Men gidýän...

— Nirä?

Enehakyda saklandy. Ahallynyň ýüzüne dikanlady.

— Bilesiň gelýämi?

— Howwa.

— Çaňly guýa!

— Çaňly guýa?

— Howwa, Çaňly guýa.

— Ol ýerde kim bar?

— Ol ýerde Ruhy batyr bar. Ol indi meniň iň soňky umydym...

Namys oduna örtenmekden ýaňa Ahally batyryň ýüregi erbet gobsundy. Gözlerine ýaş aýlandy. Indi ikinji gezek ugramaga hyýallanan gyzyň öňüne geçdi. Ýoluny kesdi.

— Enehakyda, beýtme! Sen bir zada düşün...

— Men hemme zada düşünýän, ýöne, seniň beýle çalt üýtgäp bilşiňe welin düşünip bilemok. Sen il eýtdi, menem şeýtdim, il beýtdi, menem beýtdim diýýäň. Men bolsam sen halda gürrüň edýärin. Uly iliň, Kuranyň öňünde eden şertine görä sen häzir ýa öli bolmaly, ýa-da Ruhy batyryň gapdalynda bolmaly.

— Ruhy batyram uzak göreşip bilmez. Sebäbi duşman güýçli. Ol eýýäm köküni topraga urdy. Halk oňa gulugadurdy. Şonuň üçin, Guşly batyram basym gylyjyny gynyna salmaly bolar.

— Haçan salsa-da, asla göreşi dowam etdirmese-de, onuň şoňa haky bar. Sebäbi, ol ant içmedi. Kurandan ätlemedi. Onsoňam ol heran-haçan göreşi bes edäýse-de, duşmana boýun bolmazdan bes eder. Garşylygy aňynda dowam etdirer. Duşmana gulluk etmez. Oňa ýaragyny tabşyr,az. Men oňa belet. Men onuň bilen bir öýde ösdüm. Ol janyndan geçer, öne, öz pikirinden, ýolundan dänmez...

— Sen näme, menden ýüz öwrüp gitjek bolýaňmy? Ruhy batyra durmuşa çykjak bolýaňmy?

— Ant içip, şertinden dänip ýören şazada çykanymdan, sürüsini gurtdan gorap ölmäni başarýan namysjaň çopana çykanyp müň esse gowudyr.

— Sen maňa näme diýseň diý, ýöne, namysyma dil ýetirme, menden ýüz öwürme, Çaňly guýa gitme.

— Gitjek! Ruhy batyryň ruhuny göterjek. Ony uly-uly ýeňişlere ruhlandyrjak. Oňa, onuň ýigitlerine hakyda aýdyp berjek – Enehakyda guraksy ýuwdundy. – Indi bolsa sowul ýolumdan!

Ol soňky sözüni şeýle bir hökümli aýtdy welin, Ahally sessiz-üýnsiz bir gapdala sowulanynam bilmän galdy.

Howwa, gyz gitdi. Gyz bilen bilelikde ýigidiň ejirler baryny çeken ýüregem gitdi. Şol ikisiniň yzyna düşüp, onuň özüniňem gidesi, gyzyň yzyndan ýetesi Ruhy batyryň ýanyna bile gidesi, ol ýere bile barasy, Ruhy batyr bilen bilelikde duşmana zarbalar urasy, Enehakydanyň ynamyny ödäsi, anty, şerti ýerine ýetiresi, arzuw edişi ýaly onuň bilen durmuş gurasy, uzak ömür süresi geldi.

Emma, hernäçe gobsunsa-da, aýaklary ädilmedi. Sebäbi, göwre ýüreksiz galdy. Onsoňam indi onuň o niýetlerini amala aşyrary ýaly, söweşeri ýaly atam ýok, gylyjam. O zatlary onuň elinden aldylar. Aldylar däl-de, özi tabşyrdy. Eltip öz eli bilen ýeňijiniň eline gowşurdy. Ýeňilenini boýun aldy. Gaýdyp ata çykmazlyga, eline gylyç almazlyga ak patyşanyň garşysyna hereket etmezlige söz berdi.

Şol zatlary, şol hukuklary bolmadyk ýigitde bolsa, türkmençilikde aýdyşy ýaly gaýrat bolmaýar. Boýun bolandan soň gurduň-gurtlygynyň gutaryşy ýaly, türkmeniňem türkmenligi gutarýar. Türkmençiligiň ýok ýerinde bolsa türkmen ýok.

Enehakydanyň hakyda daýanyp hekaýat etmegine görä, şondan soň atsyzlyga, gylyçsyzlyga, iň ýanamam erksizlige öwrenişen, baknaçylykda kemala gelen düýbünden başga bir hüý-häsiýetdäki nesliň kemala gelmegi mümkin. Şol, kemala geliş döwrüniň näçe wagtaa çekjekdigini soňunyň nähili boljakdygyny näme bilen gutarjakdygyny bolsa bilýän ýok. Enehakydany bar zatdan beter howsala salýan zat ana, şol! Ol haçanam bolsa bir wagt asly mert bolan çöl gurdunyň ejizje şagala ýa gyzyljagurda öwrüläýmeginden, gurduň tohmunyň bütinleý ýitip gidäýmeginden heder edýär. Hut şonuň üçinem, ol göreşiň dowam etdirilmeginiň, garşylygyň gaýtalanmagynyň, duşmana boýun egmezligiň has takygy üşügi Allatarapyn berlen bu mert halkyň iň bolmanda belent ruhunyň ýitip gitmezliginiň tarapdary.

Ikinji kitabyň soňy.

## Üçünji kitap

# Ýeňilmedikler

### 1. Söweş entek gutaranok.

Enehakydanyň baran güni Ruhy batyr Çaňly guýusynda ýok ekeni. Guýunyň başyndaky hersi bir alada bilen salgym dek iki ýana yranjyraşyp ýören adamlar onuň gum içindäki gidere ýer tapman, onda-munda ygyşyp ýören ýigitleriň gözlegine çykandygyny, Dykma serdaryň Marydan güýç toplap gelerine çenli olaryňam hemmesini bir ýere jemläp, göreşe täzeden başlamaklygy ýüregine düwendigini, bu gün erte gara berjekdigini aýtdylar we ony şol ýerde dikilen bäş sany gara öýüň ortakysynda, Ruhy batyryň ýigitleri tarapyndan gum içinden ýygnalan hossarsyz aýal-gyzlaryň, çagalaryň arasynda ýerleşdirdiler. Çaý-suw içere, çörek iýere, dynç alara mümkinçilik döretdiler.

Ertesi Gün guşluga galyberende Ruhy batyr altmyşa golaý atlyny yzyna tirkäp guýa geldi. Özüni garşylanlaryň arasynda Enehakydanyňam bardygyny görüp geň galdy. Ýöne begendi. Atdanam edil şonuň deňine gelip düşdi. Jylawyň ujuny ýigitleriň biriniň eline tutdurdy.

– Enehakyda? Bu senmi ýa meň göwnümemi?

– Göwnüňe däl, Ruhy, bu men.

– Sen nädip bu ýerlere düşüp ýörsüň?

– Är gözläp geldim... – Öz sözüne Ruhy batyryňam, ony garşylan we ýany bile gelen ýigitleriňem, umuman, daş-töwereklerine üýşen aýal-erkek, uly-kiçi hemmeleriňem birhili bolandyklaryny duýup, Enehakyda utandy we aýdan sözüniň manysyny tirmäne howlukdy. – Özüme däl-de, ýurda är gözläp geldim. Halka hossar gözläp geldim. Ol dul galdy. Özüň bilýäň, han-begleriň-ä öleni öldi, diri galanlary bolsa gaçdylar. Başsyz galan ýigitlerem indi bir ujundan duşmana ýaraglaryny tabşyryp başladylar. Ýeňilendiklerini boýun aldylar. – Ol uluydan demini alyp aşak bakanda tahýasynyň şelpeleri adaja «şyňňyrdady” – Hatda Magtymguly han bilen Mara gidip güýç toplap gelmekligi wada beren Dykma serdardanam henize çenli habar-hatyr ýok. Nirededigem belli dül. – Gyz Ruhy batyryň ýüzüne seretdi-de, tutuş göwresi bilen oňa tarap owsun atdy. – Indi halkyň bar umydy sen, Ruhy! Menem bu ýere sen diýip geldim. Sen bir ýan beräýme, ýeňilendigiňi boýnuňa alyp, ýaragyňy tabşyraýma diýmäne geldim...

Bokurdagyna tegek bolan bir ýumry agy oňa sözüni soňlara maý bermedi. Dyzyna çöküp möňňüribermekden welin saklandy. Yzly-yzyna, gurak-gurak ýuwdundy. Gabaklaryny göterip, goňras gözlerini Guşly batyra dikende, owasyndan paýrap çykan gyzgyn gözýaş tämiz ýaňaklaryndan syrygyp gaba göwüsleriniň üstüne döküldi.

Ruhy batyryň uzynak göwresi gyzyň üstüne howala boldy.

– Özüň bilýäň, Enehakyda, men öňem ant içmändim, häzirem içmen. Ýöne, tutan, maksadymdan dänmejekdigime, tä iň soňky demime çenli gylyjymy gynyna salmajakdygyma, duşmana boýun bolmajakdygyma, başym dik bolsa oňa ýekeje günem rahatlyk bermejekdigime seniň öňüňde söz berýän. Hut şonuň üçinem men häzir gum içindäki ýigitleri ýygnap ýörün.

Enehakyda Ruhy batyryň ýüzüne delmuryp seretdi. Gözýaşlaryny süýem barmagynyň ujy bilen sylyp durşuna birenaýy ýylgyrdy.

– Sag bol, Ruhy! Senden tamamam şeýledi. Nirede bolsa-da tapyp, Dykma serdardanam şeýle söz eşidibilsem başga ärmanym ýok.

Ruhy batyr birdenkä gürrüňüň ugruny üýtgetdi. Howlukmaç gürledi.

– Halk näme diýýä, Enehakyda?

– Halkyň aňy göçdi. Huşy başyndan uçdy. Ol häzir nirä ýöreýäninem bilenok. Bu wagt ondan maslahat soramaly däl-de, halyny soramaly, kömek etmeli, eýe çykmaly. Ol häzir çalajan... Başsyz... Läş... – Gyz elini daş-töweregine aýlady. – Ine edil şu ýapynyň ýüzünde ýatan ýarym öli, ýarym diri çalajan adamlar ýaly.

Ruhy batyryň ýüzi üýtgäp gitdi. Başyny aşak egip, dodagyny dişledi. Bir zatlar diýen ýaly boldy, ýöne, ony hiç kim eşitmedi. Bir haýukdan soň, ol ýüzüni galdyrdy. Şonda onuň hemişe aksowult görünýän inçemik, owadan ýüzi näme üçindir gök öwüsdi. Her bakanda uçgun syçraýan gözler gubarly göründi. Ýöne, bu ýagdaý uzaga çekmedi. Ol basym özüni ele aldy. Başyny dik tutdy-da, Enehakydadan häzirlikçe öz bolýan ýerine barmaklygyny haýyş etdi.

– Galanyny soň gürleşeris, meniň senden başga-da sorajak zatlarym bar.

Şondan soň Ruhy batyr iňňän ýadaw gelendigine garamazdan, dynjynam alman, çaý-çöregem iýmän, guýunyň başyndakylaryň ýeke-ýekeden halyny sorap çykdy. Özi ýok wagty ýogalanlara aýat okady. Soň öýlere girip, onuň içindäkiler bilenem ahwallaşdy. Ýany bilen getiren ýigitlerine çalmar diker ýaly ýer görkezdi. Diňe şondan soň özi we özüne ýakyn adamlar üçin niýetlenen öýe tarap ugrady. Baryp az-kem dynjyny aldy. Çaý içdi. Bolşuna görä garbandy. Enehakydanyň aýdanlary barada oýlandy. Mundan buýanky etjek hereketlerini ýene bir gezek aňynda aýlady.

Oňa çenli çalmaram taýýar boldy. Garaňky gatlyşdy. Ruhy  batyr çalmaryň ortasynda ot ýakmaklygy buýurdy. Giňden gallanan oduň ýagtysyna ol öz egindeşlerini ýygnap uly maslahat  geçirdi. Täze gelenlerem, bu ýerde öňden bäri bolup ýören ýigitlerem umumy ýagdaý bilen tanyşdyrdy. Maksadyny ýene bir gezek duýdurdy. Enehakydanyň il-günüň ýagdaýy barada aýdanlaryny ýekän-ýekän  gaýtalady.

– Ýöne, biz öňi bilen aýal-gyzlary, oglan uşaklary, goja kişileri oba ibermeli. Guýuda diňe söweşe ukyply adamlar galmaly. Gum içinde ýigitlerden başga-da galany-gaçany bar bolsa, olaram toplap, öz sanymyzy birsyhly artdyryp  durmaly.

Ertesi ir bilen aýal-ebtatlar oba ugradyldy. Olaryň ýanyna ýigrimi sany atly-ýaragly adam goşuldy. Ýöne, olar gala ýetmänkäler yzlaryna dolanmaly, şu ýere gaýdyp gelmeli.

Ruhy batyr Enehakydanam şolar bilen ugratmakçy boldy. «bu ýeriň şerti kyn, sen muňa çydamarsyň”  diýdi. Emma Enahakyda razy bolmady. Gaýtam köpden bäri özüni goraglap ýören ýigitler bilen Dykma serdaryň gözlegine çykmaga rugsat bermegini sorady.

– Ýok, Enehakyda. Bu iş hatarly. Üstesine ýollaram parahat däl. Geçmeli menziliň  bolsa uzak. Bu iş üçin men özüm adam taparyn. Umumanam biz  soňky günlerde bu barada hem pikir edip ýördük. Çünki, garaşma kemini goýmadyk. Ol gelmejek bolsa biz özümizçe  hereket ederis.

– Bu ýolda Alla saňa kuwwat bersin Ruhy. Ýöne, Dykma serdaryň gözlegine welin men özüm gideýin. Sebäbi men hakyda. Hakyda bolsa diri gezip ýören gahrymanlarynyň içki duýgularyny maksatlaryny elinjek bilmelidir, pikirlerini öz gulagy bilen eşitmelidir.

Ruhy batyr razylygyň alamaty hökmünde baş atdy. Ýöne, ol Enehakydadan Ahally barada hem soramakçydy. Onuň häzir näme üçin Enehakydanyň ýanynda ýokdugyny bilmekçidi. Düýnki: «Senden başga-da soramaly zatlarym bar” diýmesem şonuň üçindi. Dogry, Ahally batyryň çalarak ýaraty bolanyny ol eşidipdi, ýöne, her hal içinde jany bar bolsa onuň öz söýgülisini beýdip, çölüň içine başdepän ýeke ibenejekdigi belli ahyry.

Şolar ýaly gapma-garşylykly pikirler, yzly-yzyna çogup dur. Çünki, häzir Ruhy batyryň ruhy dünýäsi gaýnap joşýar. Enehakyda bolan söýgüsi bolsa täzeden köräp, kalbyny heýjana salýar. Birnäçe aý mundan ozal iň soňky umydy üzülen söýgüsi barada täzeden söz açasy gelýär. Ýitiren bagtynyň bu ymgyr çöl hem tükeniksiz gowgalar içre hasyl bolaryny isleýär. Eger şeýle bolsa onuň göwni hasam howalanar, söweşe hyruçlanar, ruhlanar.

Emma, hernäçe jepalar çekse-de, bu zatlar barada ol dil ýaryp bilenok. Çünki, häzir öz inçe duýgularyň ugruna gidip, kalbyňda näzikýüreklilige orun

bermekligiň wagty däl. Bu wagt Watanyň, il-günüň ykbalyna degişli agyr meseleler öz çozgüdine garaşyp ýatyr. Ol çözgütlerem Ruhy batyr ýaly kyn günde öňe çykan ýigitleriň şahsy gaýratlaryna bagly. Enehakyda ýaly boý gyzlar çölden-çöllere, goldan-gollara aşyp, gyrlardan geçip, düzlükleri söküp, näzik ýaňaklaryny gyşyň çapgyn şemalyna tutup ile-güne, ýurda eýe durar ýaly är gözläp ýörkäler, olaryň eteklerinden aslyşyp, söýgi barada süwümsiz sözleşip durmaklygy Ruhy batyr özüne uslyp bilmeýär. Hut şonuň üçinem, ol öz söýgüsi barada gürrüň gozganok. Iň bolmanda soňa goýýar. Wagty geler, şonda bar zat, Ahallynyň näme üçin Enehakydanyň ýanynda däldigem belli bolar.

Şol günüň özünde Ruhy batyr Enehakydany öňki janpenalary bilen Dykma serdaryň gözlegine ugratdy.

– Tizräk dolanjak boluň. Çünki, wagt az. Duşman ýurda ymykly ornaşmanka guýrugyna otly kesindi gysdyrmak gerek.

Olary ugradandan soň ol: «Kimiň söweşi dowam etdiresi gelýän bolsa, Çaňly guýa gelibermeli”, diýen habar bilen çar tarapa çapar gönderdi. Her gün ir ertir, giç öýlän salkynma-salkyn asmana guş uçurdy.

Bir hepde geçer-geçmez onuň iberen çaparlary ikiden-ýekeden gelip başladylar. Gidişleri ýaly ýany adamsyz boş gelenlerem, yzlaryna bäş-üç ýa, on-ýigrimi sany, hatda kyrka golaý atly-ýaragly adamy tirkäp gelenlerem boldy. Enehakydanyň Dykma serdary gözläp ýörendigini, ony tapyp getirenden soň Guşly batyr ikisiniň güýç birikdirip azat edijilik göreşine başlanjakdyklaryny eşidip şeýlekin gelenlerem, gök asmanyň ýüzünde gaýdyrylyp ýören akja kepderiniň çakylygyna gelenlerem az bolmady. Hatda ýaragyny tabşyryp obasyna baranlardanam gaýdyp gelenleri boldy.

Umumn, tuutmyň gerimi gitdigiçe giňedi. Guşly batyyrň goşun sany iki ýüze golaýlady. “Dykma serdardyr Magtymguly hanam jemläbilen goşunyny alyp gelseler, Alla-da bizlik bolsa megerem şu ýaz öz ýerimizde özümiz ekin eksek gerek” – diýip, Guşly batyr öz ýanyndan göwün ýüwürtdi. Çünki, ýeňişe ynam döredibilseler, halkyňam özlerine goşuljakdygyna ol ynanýar.

Ýöne...

Ýöne, hemme zat hemişe göwnüňde besleýşiň ýaly bolup durmy näme. Aýa-Güne garaşylyşy ýaly garaşylýan Enehakyda guýa boş gaýdyp geldi. Çytyk gaşlaryndan, sowuk hem gussaly nazaryndan, atdan gepsiz-gürrüňsiz düşüp, garşy alanlara nazaram aýlaman öýe girip gidişinden çen tutup, guýudakylar onuň gowy habar getirmändigini aňdylar. Şonuň üçinem oňa hiç kim, hiç hili sorag bermedi. Her kim dodagyny çalaja gymyldadyp: «Sag aman geldiňizmi”, diýäge-de, derhal bir gyra çekilmek bilen boluberdiler. Yzy bilen öýe giren Ruhy batyram ony gyssap durmady. Özi dil ýarýança garaşdy.

Ojak başynda az-kem ýylynandan soň, Enehakyda Dykma serdara Mäne obalarynyň birinde duşandygyny, ýöne, onuň iňňän sus görünýändigini, göreşi gaýtadan dowam etdirmek baradaky gürrüňlerden gaça durýandygyny, umuman, lapynyň keçdigini şol bir gelendäki tutuklygy bilen howlukman, ýöne, uly howsala hem ahmyr astynda Ruhy batyra gürrüň berdi. Hä diýmän Ruhy batyryň ýigitlerem gelişip başladylar. Enehakyda olaram ýagdaý bilen tanyş etdi. Soňundanam:

– Şol ýerde onuň ýanyna Gökdepe urşuny Köpetdagyň gerişleriniň üstünde durup synlan, Donowan atly iňlis galamgäri hem baryp gaýdypdyr. Göreşi dowam etdiribilseler öz hökümetiniň türkmenlere pul, ok-ýarag kömegini berjekdigini syzdyrypdyr. Ýöne, Dykma serdardan belli bir jogap alyp bilmändir. – diýdi.

– Şol iňlisi tapyp bolmazmyka-naý? Öz hökümetiniň söz beren kömegini goý, ol bize beribersin! – diýip, tärime arkasyny ýaplap oturan ýigitleriň biri ker bilen gepleşýän ýaly bokurdagyna sygdygyndan gygyrdy.

Her kim Ruhy batyryň ýüzüne seretdi. Batyr olaryň bu bakyşlaryny özüne berlen sorag hökmünde kabul etdi.

– Ony tapsa bolar. Kömegem sorap bolar. Aýdyşy ýaly iňlis hökümediniň kömek edäýmegem ahmal. Ýöne... – Ruhy batyr boýnuny süýndürip hälki geplän ýigide tarap seretdi. – Ýöne, birinjiden-ä olar bize ýeterlik derejede kömek beribilmezler, arkamyzda-da durubilmezler. Çünki, durar ýaly güýç-kuwwatlary bar bolsa Gökdepe urşunda durardylar. Onsoňam bir emmasy bolmasa hiç kim gurda guýruk gapdyrtmaz. Arka diräp orsy ýurtdan çykaran günüňem özleri mekgäňe münerler. Bu mesele Gökdepe urşunyň öň ýanyndaky maslahatda-da orta düşüpdi. Ýöne, o pikiri han-beglerem, serdarlaram, dini hadymlaram, asla hiç kimem goldamandy. Ondan Dykma serdaryňam habary bolmaly. Hut şonuň üçinem ol iňlise belli jogap beren däldir.

– Howwa-la, Dykma serdaram akmak adam däldir-le.. Etjek işini, aýtjak sözüni bilýändir-le...

Ruhy batyr bu sözi aýdanyň kimdigini biljegem bolmady. Asla ses çykan tarapa seretmedem. Ara düşen dymyşlykdan soň: ýene aýtjak zadyň barmy, diýýän manyda Enehakydanyň ýüzüne seretdi. Enehakyda başyny ýaýkap aşak bakdy.

Ýany bilen giden ýigitleriň gürrüň bermeklerine görä, Enehakyda Dykma serdardan goşun ýygnap bilmedik halatynda-da serdar hökmünde Guşly batyr bilen bilelikde göreşi dowam etdirmekligi ilk-ä haýyş edipdir, halys bolmajakdygyny bilenden soňam sypaýyçylyk bilen: «Men size gorkak ýa namart diýip biljek däl, serdar aga , ýöne, goý, islegiňiziň garşysyna gidip bolsun, ant içip başda-ha bir ýalňyşdyňyz ine, indem öz şertiňiziň garşysyna gidip ikinji gezek ýalňyşýaňyz. Siz bu gün ömrüňizboňy gara gaýratyňyz bilen gazanan şöhratyňyzyň üstüne atanak çekdiňiz. Jelaleddin ýaly, Ymam Şämil ýaly elden

gidenden soňam ýurt üçin göreşi dowam etdirip bilmediňiz. Il-günüň tamasyny ödemediňiz. Guşly batyyrň bir ganaty bolup bilmediňiz...” – diýipdir. Bu sözler serdara iňňän ýokuş degipdir. Ýöne, sesini çykarmandyr. Uludan sowuk demini alypdyr-da, oňaýypdyr. Enehakyda bilenem iňňän sowuk hoşlaşypdyr.

Bu gürrüňleri diňläp Ruhy batyyrň özem esli mahal aşak bakyp sus oturdy. Içini hümledende uzyn göwresi öňe-yza leňňer atdy. Soňam usullyk bilen başyny galdyrdy-da, agşamlyk hemmeleriň uly oýa ýygnanmalydyklaryny, şol ýerde umumy maslahat geçiriljekdigini aýtdy. Maslahata Enehakyda hem çagyryldy.

Gün ýaşandan soň ýapylaryň ýüzünde onlarça ot alowlady. Oýuň içini dolduryp oturan mähelläniň ýüzi oduň ýagtysyna gyzgylt göründi. Uzyn-uzyn kölegeler çägäniň ýüzünde o ýan, bu ýan gaýmalaklaşdylar.

Ruhy batyr köpçüligiň öňüne çykyp, Enehakydanyň gidip-gelişi barada ýygnananlara giňişleýin gürrüň berdi. Dykma serdardanam, Magtymguly handanam, asla hiç kimdenem güýje garaşmaly däldigini aýty. Soňam özüne mahsus bolan pessaý hem merdemsi sesi bilen:

– Ýigitler! Görşüňiz ýaly başda erkine, islegine bakman urşa iterilen halk bu gün hossarsyz galdy. Han-begleriň, serdarlaryň, dini hadymlaryň bu gün onuň ýanynda birem görnenok. Olaryň köpüsi eýýäm täze baýarlarynyň ganatlarynyň aşagyna sümüldiler we ýene-de öňküje orunlaryny eýelediler. Sümülmediklerem bu gün-erte baryp sümüljekden. Göryän welin Dykma serdaram şol ýagdaýda dur. Sebäbi olar ýeňildiler. Ýeňilendikleri boýunlaryna aldylar. Biz welin ýeňilmediklerdiris. Siziň köpüňiz eden şertiňizden dänmezlik üçin şu kyn ýoly saýlap alan adamlar. Birnäçäňiz bolsa düýbünden ant içmedik, emma şonda-da duşmana boýun bolmany kyn görüp, gulçulygy namys bilip, Watan, ugrundaky göreşde baş goýmaga taýyn adamlar. Şonuň üçinem, biz han-beglerden goldaw tapmadyk ýagdaýymyzda hem göreşi dowam etdireris. Entek ellerimiz gylyçlarymyzyň dessesinden mäkäm tutýarka, at üstünde uýluklarymyzy sandyratman oturyp bilýärkäk, gursaklarymyzda ýüreklerimiz Watan diýip urýarka duşmana boýun egmeris. Enşalla gün-günden sanymyzam artar, hä diýmän ullakan güýje-de öwrüleris. Ýeňerisem! Sebäbi biziň maksadymyz şol! Biziň işimiz hakdyr! Alla biziň bilendir!..

– Hak aýdýaň, Guşly batyr!

– Alla biziň bilendir!

– Biz seniň bilendiris!

– Biz tä iň soňky demimize çenli söweşeris!..

– Söweşerisem, ýeňerisem!..

– Sen bizi ýeňişlere tarap alyp git, Guşly batyr!..

– Bizi Alla gorar, inşalla!..

Tolgunmakdan ýaňa Ruhy batyryň süňňi sarsyp gitdi. Ýüregi ersdi. Ar-namys duýgulary joşa geldi. Şondan soň ol Enehakyda söz berdi.

– Şeýle ýagdaý taryhda öňem kän gezekler bolupdyr – diýip, Enehakyda hemişe şular ýaly üýşmeleňlerde edişi ýaly öz gürrüňini Hakyda bilen baglanyşykly başlady! – Ýurt öňem kän gezekler elden gidipdir. Bu topraga bir wagtlar goşun tartyp ýunanlaram, parslaram, pereňilerem , araplaram, mongollaram gelipdirler. Şolaryň ählisinde-de dek-düýnki ýaly han-begler öz beglikdir-hanlyklaryny, baýlyklaryny, dini hadymlar öz dini ynançlaryny goramak üçin halky aýaga galdyrypdyrlar, urşa sürüpdirler, öňlerine düşüpdirler, baş bolupdyrlar, emma ýeňilenlerinden soň welin, ur-tut ýaraşyk baglaşypdyrlar-da, duşmanyň tarapyna geçipdirler, olara gulluga durupdyrlar, üstesine-de: «urşalyň, diýip bizi günümize goýmadyk ine, şular", diýip, halka tarap barmaklaryny çommaldypdyrlar, şeýdibem öňküje baýlyklaryna, mal-mülklerine wezipelerine eýe bolupdyrlar. Öz halkyny gelmişekler bilen bilelikde ezipdirler. – Şondan soňky sözleri aýtjak bolanda Enehakyda görnetin dogumlandy, göwresi dikeldi, gözleriniň nury ýiteldi, göwsi titredi, uzyn, goňrumtyl saçlary owsun atdy. – Ýöne, ähli zamanlarda-da özüňiz ýaly ýanbermezek, göreşi dowam etdiriji goç ýigitler tapylypdyr. Olar öz topraklaryny basybalyjylardan halas etmek üçin dyngysyz göreş alyp barypdyrlar. Özleri halas edip bilmeseler, şol mukaddes göreşi dowam etdirmekligi iň bolmanda ýeňilendiklerini boýun almazlygy öz nesillerine wesýet edip gidipdir. Şeýdibem göreşiň iň bolmanda halkyň aňynda baky dowam etmegini gazanypdyrlar. Şonuň üçinem, olar şu günki güne çenli halkyň hakydasynda ýaşaýarlar. Çünki, olar gahrymanlar. Gahrymanlar bolsa ölmeýärler. Özleri gidenden soňam bu jahan içre olaryň ruhlary ýaşaýar. Nesilleriniň damarlarynda ganlary akýar. Käte asyrlara çeken baknalyk döwründe öz halkyny agalyk ediji halkyň täsirinden gorap, öz halkynyň dilini, medenýetini, milli kimligini saklap gelenlerem şolardyr. Olaryň güýji egsilmezdir. Siziňem esasy daýanjyňyz şol güýçdir. Kuwwat çeşmäňiziň gözbaşy şondan gaýdýandyr. Şol güýç hemişe-de gelmişekleri iru-giç bu tioprakdan çykyp gitmäne mejbur edipdir, bu gezegem şeýle bolar – Gyz uludan demini aldy. – Howwa, bu gezegem şeýle bolar. Hökman şeýle bolar... – Enehakyda sözüni paýawlandygynyň alamaty hökmünde ilk-ä häliden bäri gapdalynda duran Ruhy batyryň ýüzüne seretdi, soňam başyny belent tutup, alawlap ýanýan ýiti oduň ýagtysyna kä görnüp, kä ýitip gidýän, aňyrsy gara hem gorkunç kölegelerden doly märekä seretdi. – Boýnuňyza alan şu kyn borjuňyzy abraý bilen berjaý etjekdigiňize men ynanýan. Çünki, siz merdanalarsyňyz. Ruhy batyryň ýap-ýaňyja aýdyşy ýaly, ýeňilmediklersiňiz...

Onuň sözüni soňlaryna mähetdel, ýigitler towsuşyp ýerlerinden galdylar. Ýapylaryň ýüzündäki kölegeler has uzaldylar, iki ýana yrgyldaşdylar.

– Biz seniň ynamyňy ödäris, Enehakyda!

–Erkinlik üçin öz janymyzdan geçmelem bolsa taýýar!

– Ýok, bolsun ak patyşa!

– Biz erkin doguldyk, erkinligimize-de galarys.

Daşyndan göräýmäge birneme sus başlanan maslahat şolar ýaly içi duýgudan doly hyjuwly sözler bilen tamamlandy.

Şol maslahatda gün-güzeran meselesi hem gozgaldy. «Ilek” guýusyndan getirilen bir bölek maýda malyňam şunça adama uzak wagt tetärik bolmajakdygy çen bilen çaklanyldy.

– Adam sanymyzyň gün-günden artyp barýandygyny nazara alsag-a bu mesele hasam çylşyrymlaşýar... – diýip, Ruhy batyr özüniň jemleýji sözünde aýtdy. – Çöreg-ä düýbünden ýok diýen ýaly. Dogry, ýaz ýetip gelýär, ýöne, ekin ekere bu ürgün çägelikde ýerem ýok, suwuň-a gürrüňinem edip oturmaly däl. Kä ýerlerde kak suwlary bar, şolary ulanmak boljak, ýöne, oňa-da tohumlyk bugdaý, ýer bejeriji gurallar, öküz ýa iş ýabylary gerek.

Öň hatarlaryň birinde boýy kelteräk, tegelek ýüzli, garaýagyz, içinde tüý çogup duran gulaklary gababir ýigit oturdy, oňa Durdy diýerdiler. Ol ýaşlykdan bäri Ruhy batyr bilen bile bir obada ösüpdi, hatda Näzdepe gyrgynçylygynam onuň bilen bile başyndan geçirdi, köp gezekler alamançylyga-da bile gidipdi, ýurda ors geleli bär-ä ýekeje günem ondan aýra düşmändi. Soňky wakalaryňam ählisine gatnaşypdy. Umuman watanperwer namysjaň ýigitdi. Hemişe çakgan hereket edýändigine görä, ol bu gezegem ellerini kelemenledip, aýaklaryny «tarpyldadyp” ýerinden turdy. Çalarak sakawlap:

– Ş-şu meselede –a-aýtjak bir sözüm bar – diýende, guradylan erik kişdesi ýaly mürşeýip duran eňegi titir-titir etdi.

– Aýt, aýt – diýip, Ruhy batyr oňa tarap baş atdy. – Çekinme-de aýdyber.

– Aýtsam-m... – Ýigit ilk-ä galyň dodaklaryny, soňam kelteden gelen ýogyn barmagyny çommaltdy. – A-aýrysakal häzir galada biziň öz ýygnan gallamyzyň u-ujundan ö-öz ilatymyza ölmez-ödi paýlap ýör. Nämemişin, ý-ý-ýeňilen halkyň emlägi ý-ý-ýeňijiniň haýryna geçýämişin. Şoň g-gaznasyna g-girýämişin. Ş-şol gaznadan biziňem öz ý-ýýetdik hakymyzy a-almagymyz gerek. Ýöne, sorap däl-de, e-ellerinden gaňryp a-almagymyz gerek. – Durdy batyr sag elini ýokary göterdi. – Ine, meňň-ä a-aýtjak zadym ş-şü...

Ruhy batyrdan öň märekäniň sag ganatynda oturan ýigitleriň biri seslendi.

– Durdy dogry aýdýar. Orslaryp garşysyna mundan buýanky etjek hereketlerimize hut şondan başlamagymyz gerek.

Ýerli-ýerden çykýan sesler köpeldi.

– «Hakyň arslanyň agzynda bolsa-da al”, diýipdirler, haýal etmän gala çozalyňam, hakymyzy alalyňam...

– Şunça güýjümiz barka bize horluk ýaraşmaz...

– Ertir ugramalam bolsa biz taýýar!..

Ruhy batyr märekä mähir hem buýsanç bilen garady.

– Ine, munyňyz bolýa. Men razy. Bu hakykatdan-da öňümizde duran uly işleriň başlangyjy bolar.

Ýene üç günden soň, Gökdepä gitmekligi, agşamyň ümüş-tamyşlygyndan peýdalanyp gala girmekligi şertleşibem maslahaty tamamladylar. O ýeri bu ýeri bozulandygy üçin bosgunlar tarapyndan taşlanyp gidilen iki sany arabanyňam kemini düzedip ýük üçin ulanmaly edildi. Gala girer ýaly bahana-da tapyldy. Hamala «aman” diläp yzyna gelen bosgunlaryň bir topary bolan bolmaly. Aralarynda aýallaryňam bardygyna ynanarlary ýaly, gala golaýlanlaryndan bäş-on sany adamy arabanyň içinde oturdyp, başlarynya-da don büremeli. Golaýrakda, hut galanyň özünden gelen ýigitleriň birinden täze ammaryň nireräkde ýerleşýändigini anykladylar we oňa golaý barmak üçin haýsy derwezeden girseler amatly boljakdygyny kesgitlediler. Şol ýigidiň özüni bolsa ýolbelet edip bellediler. Onuň aýtmagyna görä ammar bolup agzy gulply ullakan saraý ýa howlam ýokmuşyn-da, olja alnan azyklaryň barysy galanyň bir burçuna basylyp goýulaýanmyş.

Maslahat gutarandan soňam kän zatlaryň başy agyrdyldy. Dürli meseleler barada pikir alyşdylar. Diňe gije ýarymdan agandan soň assa-ýuwaşdan dagaşyp başladylar. Olaryň hiç birem Ruhy batyr bilen Enehakydanyň deňine gelip, olar bilen hoşlaşyp geçmäni unutmady.

Iiçäk bolup galanlaryndan soň bir zat soramakçy bolýan ýaly Ruhy batyr Enehakydanyň ýüzüne seretdi. Ýöne, hiç zat aýdyp bilmedi. Ouň ýüzüniň gyzaranyny, boýun damarlarynyň göm-gök oklaw ýaly galanyny bolsa Enehakyda garaňkyda saýgarmady. Çünki, otlaryň hemmesiniň öçüriilendigi sebäpli daö-töweregi gorkunç gara tümlik, gum gerişleriniň arasyny elhenç ümsümlik gurşap alypdy. Diňe dury sowuk asmanyň ýüzündäki dyngysyz lowurdaşýan patrak deý ak ýyldyzlar bu iki ýaş juwana guwanýan ýaly, şadyýanlyk bilen biri-birlerine birsyhly göz gypyşdylar durdylar.

Esli wagta çeken dymyşlykdan soň, Ruhy batyr sessiz-üýnsiz elini Enehakydanyň bolýan öýüne tarap uzatdy. Bu onuň: «Ýör, men seni ugradaýyn”, diýdigidi. Bir giden leşgeriň öňünde ejizlemeýän batyr ýigit bu gezegem öz söýgüsiniň öňünde öz duýgusy barada sözlärden ejiz geldi.

## 2.Ilkinji hüjüm

Bellenen güni Gökdepä ugradylar. Iňrik garalyberendenem galanyň demirgazyk derwezesiniň öňünde häzir boldular. Ýaraglaryny «şakyrdadyşyp” öňlerinden çykan baş-alty sany soldata ýüzlenip Ruhy batyr:

– Biz aman diläp geldik, bizi iň ulyňyzyň ýanyna eltiň – diýdi .

Ekabyrlary bolsa gerek, ýagyrnysy ýapy ýaly, kellesi tos-togalak, gür gara murtly daýaw soldat içiňden geçip barýan ullakan ala gözlerini ýigitleriň üstaşyry arabalaryň içindäki «aýallara” tarap jalahlatdy. Siňe-siňe seretdi. Edil şol wagtam arabalaryň birinden aglaýan «çaganyň” sesi çykdy. Muny eşidip soldat dagystan türküsinde howlukmaç gürledi:

– General Skobelew bu ýerde ýok. Ol Aşgabatda. Sizi onuň şu ýerdäki işleri ynanan wekili polkownik Arşisew kabul eder. Men oňa häzir siz barada habar bererin...

Ruhy batyr ony hasam gyssady.

– Näme etmelem bolsa çaltrak boluň! Biz ýadaw. Aç. Maşgalalarymyz bolsa ýarawsyz.

Soldat gyssagara ýoldaşlaryna bir zatlar diýdi-de, Diňlidepä tarap ylgaşlap gitdi. Diňlidepäniň üstünde dikilen uzyn sütün Ruhy batyyrň ünsüni özüne çekdi. Sütüniň ýokarsynda uzaklara şöhle salýan, dolan Aýa meňzeş sönüp-ýanyp duran sowuk şöhleli mähnet çyra welin onuň gözüne hasam täsin göründi.

Soňky günlerde aman diläp gelýänleriň yzy üzülmänsoň bulary Ruhy batyryň ýigitleridir öýdüp gümanam etmedik beýleki soldatlar “myhmanlary” galanyň içine saldylar, bir boşlagrak ýere eltibem gapdallarynda garawulam goýmadylar-da noýbatçylyk çekýän bolsalar gerek, öňki duran ýerlerine tarap ýegdenekleşip ugradylar.

Ruhy batyr galanyň içine göz aýlady: Garaňkyda takyk bir zat saýgartmaýan hem bolsa, ýykan-ýumran edilip başlanan galanyň garalyp görünýän gözgyny keşbi iniňi tikenekledýär. Gara öýleriň onda-munda çaşyşyp ýatan kä bitin, kä çagşan tärimleri, tüýnükleri, uklary, bozulan ojaklar elden giderilen ýurduň ozaldanam perişan keşbini hasam gözgyny görkezýär. Käte bir soldatlardan gözi gorkan, eýesiz galan pişikleriň, itleriň sudurlary göze kaklyşýar-da, derrewem garaňka garyşyp gidýär. Onda-munda ot ýanýar. Onuň daşyndaky soldatlaryň keýpleri kök. Olar uly goh bolşup aýdym aýdýarlar, tans edýärler. Megerem, alyslarda galan ýurtlary, dogan-garyndaşlary, gazanan ýeňişleri ýa-da ýönekeý durmuş barada mesaýy gürrüňler edýän bolsalar gerek, käbir oduň başyndaky

kölegä meňzeş gara göwrelerde gymyldy-hereket ýok. Olardan üýtgeşik ses-üýn hem çykanok.

Ruhy batyr iňňän çalt hem çakgan hereket etdi. Göze düşmezlik üçin adamlarynyň ýarysyny şol ýerde galdyrdy-da, ýolbelet bellenen ýigidi ýanyna alyp, galan adamlary bilen ammara tarap ugrady. Arabalaram yrgyldaşyp olaryň yzlaryna düşdiler. Iş garaşylyşyndanam şowly boldy. Baryşlary ýaly äm-säm bolup duran garawullary gylyçdan geçirdiler-de, üýşüp ýatan çuwal doly bugdaýdyr-undan arabalary mas ýükläp, sessiz-üýnsiz öňküje ýerlerine dolanyp geldiler. Arabadaky «aýallaryň" ornuny indi başyna don bürelen çuwallar eýelediler. Olaryň özleri bolsa böküp-böküp arabalaryň yzyna tirkelgi gelen atlaryna mündüler. Çykalga tarap ugrajak bolup durkalaram çat maňlaýlaryna hälki polkownik bilen habarlaşmana giden soldat peýda boldy. Ol «has-has" edip durşuna sojap-sojap gepledi.

– Kim hanyňyz bolsa yzyma düşsün, polkownik onuň bilen gürleşmek isleýär...

Ruhy batyr atyny debsiläp öňe çykdy.

– Men han. Ýöne, biz pikirimizi üýtgetdik. Biz indi Aşgabada gitmekçi, şol ýere baryp ulyňyzyň özi bilen gürleşmekçi. – Ol at başyny bir tarapa burdy-da, topar tutup duran ýigitlerine tarap goluny bulady. – Ýörüň!..

Soldat olaryň öňüni kesdi.

– Onda azajyk garaşyň. Men bu barada hem polkownige habar bereýin.

Şol wagtam ammar tarapdan:

– Ograbili-i-i!.. – diýen çirkin ses çykdy. Gykylyk gopdy. Goh turdy. Üç-dört ýola tüpeň atyldy. Tüm garaňkylygyň içi bilen güpürdeşip gelýän soldatlaryň aýak sesleri eşidildi. Kem-kemdenem golaýlady.

Ruhy batyr öz üstleriniň açylandygyny aňdy. Şonuň üçinem, ýanlaryna on-oniki sany goraňjy goşun, arabalary derwezä tarap ugratdy. Özi hüjümi serpikdirmek üçin ýigitleri bilen yza galdy. Oňa çenlem dumly-duşdan eli tüpeňli soldatlar çozuşyp geldiler. Gabaraly ýanýan otlaryň başam çolaryp galdy. Galanyň ähli ýerinde ibirtde-zibirtlik emele geldi. Ýöne, nähili wakanyň gopandygyndan, kim bilen uruşmalydygyndan bihabar soldatlaryň köpüsi nirä, kimiň üstüne hüjüm etjeklerini bilmän ýaýdanjyraşdylar, garaňkynyň içinde tüpeňlerini çoçjaýdyşyp iki baka elewreşdiler.

Bolan işiň kimden ýetendigini hemmelerden öňürti Ruhy batyr bilen gep nokatlaşyp duran soldat duýdy. Ol golaý-goltumyndaky soldatlara Ruhy batyyrň toparyny, eýýämhaçan garaňka siňip barýan arabany görkezip bir zatlar diýdi-de, ýüze çykan wakany beýan etmek üçin indi ikinji gezek polkownigiň ýanyna ylgady. Barşy ýalam kürsäp girdi-de , gyssagara ýagdaý bilen tanyşdyrdy.

Agşamlyk naharyň gapdaly bilen ýelmenen bir stakan aragyň zarbyna ýaňy bir derçiräp igran polkownik tarsa ýerinden turdy-da gök gözlerini petreşdirip ulyili bilen gygyrdy.

– Çto- o? Wy çto, w swoim ume?

Şondan soň ol howul-hara geýnip durşuna tutuş galany aýaga galdyrmak, talaňçylaryň birinem sypdyrmazlyk barada buýruk berdi.

Buýruk agyzdan-agza geçip, göz açyp-ýumasy salymyň içinde gala ýaýrady.

Şondan soň ýigrimä golaý soldat arabalary goraglap barýan ýigitleriň yzyndan eňdi. Ellä golaýy bolsa Ruhy batyyrň ýigitleriniň üstüne topuldy. Galanyň ýykylyp gutarylyberen düýbünde dürli iş bilen gümra bolşup ýören soldatlaram Arşisewiň buýrugyny eşidenlerinden soň sozanda-guýruk bolşup şol tarapa ýüwürdiler.

Yzlaryndan kowgy ýeten mahaly arabalar çykalga golaýlapdylar. Erjel söweşmek bilen goraýjylar olaryň galadan çykmaklaryny gazandylar. Özlerem çykyp ýetişdiler. Şondan soň olara goranmak kyn bolmady. Çünki, iki-ýeke enteşip ýören ýa onda munda sakçy durany bolaýmasa, galanyň daşynda soldat ýok diýen ýaly. Bolaýanda-da garaňkylyk. Pete-pet gabat geläýmeseň ýa söz alyşaýmasaň kimiň-kmdigini saýgarar ýaly däl.

Ruhy batyryň ýagdaýy welin gitdigiçe kynlaşdy. Çünki, garşydaşlaryna gelip goşulýanlaryň yzy üzülenok. Gabawyň halkasy barha galňaýar. Şonuň üçinem, ol güýçli zarba bilen gabawy böwüsdi-de, ýigitlleriň birini arabalary goraýjylaryň yzyndan iberdi.

– Sag-aman çykan bolsalar arabalary oslagsyz ýol bilen guma ugradyp, özleri munda gelsinler – diýdi. Özem ýigitleri bilen kem-kemden çykalga tarap çekilmek bilen boldy.

Onda-munda gyssagly suratda ýakylan alowlaryň ýagtysyna soldatlar türkmen ýigitlerini ep-esli aralykdan atyp başladylar. Bu ýagdaý köpüsi diňe guylyç bilen ýaraglanan ýigitleriň arasynda aljyraňňylyk döretdi. Netijede, derwezä ýetýänçäler olar köp ýitgi çekdiler. Şeýle-de bolsa, derwezäniň agzyna dykylyp gelmekleri bilen ýagdaý öňkülere görä birneme ýeňillleşdi. Ilk-ä öňlerinde dykyn emele geldi, kimsi atly, kimsi pyýada dazanaklaşyp gelýän soldatlaram süme-sürç olaryň üstlerine ýňdylar-da, tüýs ýigitleriň diýeni boldy duruberdi. «Garjaşma”  söweşine maý döredi. Indi tüpeňleriniň nilinden ot syçradyp gelýän soldatlaryň ýagdaýlary agyrlaşdy. Çünki, bu garma-gürmelikde öz atan oklarynyň özleriniňkä degäýmegem mümkindi.

Ýagdaýdan peýdalanyp ýigitleriň aglabasy derwezeden çykdy. Ýöne, ümdüzlerine gidibermediler-de, elleri ýalaňaç gylyçly derwezäniň iki tarapyny aldylar duruberdiler. Öz ýoldaşlary çykyp bolanlaryndan soňam olaryň yzysüre

süssenekleşip gelýän soldatlaryň öňünde ýaý şekilli ýarym halka bolup durdylar we hem sagdan, hem soldan, hem çat maňlaýlaryndan çykyp, depelerinde gylyç oýnadyp başladylar. Şol ýerde soldatlaram köp ýitgi çekdiler. Esasanam pyýadalaryndan ölen köp boldy. Tüpeňlerini kimdir birine çeneýänçäler ýigitleriň beýleki biri geldi-de, ýa kellesini kakdy, ýa çigninden saldy. Ýagdaý şeýle bolansoň olar dert-azar yza dolanmak bilen boldular. Ýigitlerem: «Ýa, Alla!..” diýşip, at başyny gelen ugurlaryna bakan öwürdiler.

Aradan köp wagt geçmänkä, hälki gaçyp giden soldatlar çozuşyp gelýän, täze güýçler bilen birikdiler-de, ýigitleriň yzyndan kowmak üçin indi ikinji gezek derwezeden «güsürdeşip” çykdylar. Ýöne, garaňkyda ýigitleriň nirä gidendiklerini bilmän «dükürdeşip” bir duran ýerlerinde aýlandylar durdular. Durup özara maslahat etdiler, daş-töwerege diň saldylar, ýatyp ýer diňlediler, gorka-ürkerägem bolsa, esli ýere çenli köw-söw edip gelenlerem boldy. Ýöne, ondan aňryk gidip bilmediler. Bolan işe haýran galyp, özara gümür-ýamyr edişip durkalaram bir «güpür-tapyr” boldy-da, bir-ä depelerinde dalawlaşýan ýalmawuz ýaly ýiti gylyçlaryň ýyldyz ýagtysyna öwüsýän ýalpyldysyny, birem horguryşýan türkmen atlarynyň gamyş gulaklaryny görüp galdylar. Bu waka şeýle bir çalt bolup geçdi welin, soldatlaryň sany suw içim salymyň içinde ep-esli azaldy. Şonuň üçinem olar garşylyk görkezmek barada pikirem etmän, basymrak özerini gala atmak bilen boldular.

### 3. Ikinji hüjüm.

Bu waka baradaky habar ertiriň özünde Aşgabada – Skobelewe ýetirildi. Gala söweşine gatnaşan tekeleriň köpüsiniň, aman sorap yzlaryna gaýdyp gelmekleri, ýaraglaryny tabşyryp obalaryna, iş-güýçlerine dolanmaklary bilen, Ahaly boýun egdirmek meselesini üstünlikli tamamlandyryn öýdüp ýören general öz gulagyna ynanmajak boldy.

Içi çalarak ýewropalaşdyrylan ullakan gara öýüň içinde o ýan, bu ýan gezmeläp ýörşüne, Ruhy batyry on güne ýetirmän ähli ýigitleri bilen bilelikde, kun-peýekun etmek barada Arşisewiň adyna buýruk ýazyp, Gökdepä iberdi.

Emma Arşisew öz baýarynyň buýrugyny ýerine ýetirmek üçin, Ruhy batyry gözläp Garaguma gitmeli bolmady. Onuň özi geldi. Ýöne, Gökdepä däl-de, Aşgabada geldi. Özem gündüziň günortany, Skobelewiň hut öz üstüne hüjüm etdi. Ol ugramazyndan ozal, öňde-soňda orslardan olja alan soldat köýneklerinden, papaklaryndan bolanjasyny öz ýigitlerine ýetdiginden geýdirip iň öňdäki hatarlardan goýberdi. Daşyndan seredeniňde olar eýýäm özlerine gulluga duran türkmen ýigitleri bilen gum içinde köw-söw edip ýören soldatlara meňzediler.

Lageriň bir gyrasyndan girenlerindenem, entek garawullar habarlaşybam ýetişmänkäler öz eşikleriniň üstünden geýnen gimnastýorkalaryny, papaklaryny iňňän çaltlyk bilen çykaryp taşladylar-da, delil bagy bilen ganjyga iltengi telpeklerini kakyp lyp kellelerine geýdiler.

Ruhy batyr: şüý-ä şonuňky bolaýsa gerek, diýip, lageriň ortasyndaky ullakan gara öýe tarap at goýdy. On bäş sany men diýen janpenasy bolsa daşyny gallap gitdi. Galanlaram olaryň iki gapdaly bilen öňe tarap okduryldylar. Ýigrimä golaý atly olaryň yzyny gorady. Ýöne,  edil öňden taýyn bolup duran ýaly, göz-açyp ýumasy salymyň içinde soldatlaryň otuza golaýy gara öýüň öňüne germeldi. Derrewem tüpeňlerine ok sürdüler-de, ýetişibildiklerinden atmana başladylar. Gara öýden bolaýsa ýigrimi ädim aralykda aýylganç çaknyşyk emele geldi. Türkmen ýigitleriniň sanlyja atly bilen beýdip agyr goşunyň lagerine çozup girişlerine soldatlaram, ofiserlerem hatda eýýämhaçan bar zatdan habarly edilen Skobelewiň özem geň galdy.

Ýigitler welin gara öýi nazarlap gaýduwsyzlyk bilen öňe süýşmeklerini dowam etdirdiler. Şol wagt olaryň hemmesiniňem küýi-köçesi öýüň içindäki «aýrysagaly” ýa-ha ýesir alyp, ýa-da duran ýerinde öldürip, külli ahal iliniň aryny almakdy.

Ýöne, hemişelik hereket edýän, tertip-düzgünli goşunyň esgerleri bu sada, sähraýy ýigitleriň göwün isleglerinden düýpgöter başgaça hereket etdiler. Birnäçesi generaly goraglap, gara öýüň çat maňlaýyndaky, öz aralarynda «Gorka” diýlip atlandyrylýan gadymy depejigiň aňyrsyna geçirdi. Beýleki soldatlaryňam onlarçasy hatar-hatar bolup depejigiň daşyna aýlandy. Galanlary bolsa Ruhy batyryň okdurylyp gelýän ýigitleriniň öňlerine böwet  boldular. Egerde, ýagdaý şunlugyna dowam eden bolsady, onda, ýene-de tekeleriň iň gowy  görýän «garjaşma” oýnuna mýmkinçilik döräýmegem, böwedi böwüsäge-de, depejigi tuutşlygyna eýeläýmeklerem ahmaldy. Şondan soň generalyň kellesini kakyp alaga-da, «gaç teke” usulyna görä Garagumy nazarlap ümdüziňe tutdurybermeli. Ine-ine döräýmegi ahmal bolan şol mümkinçiligiň höwesine gaýybanasyndan gylawlanyp, howalalary kem-kemden göterilip barýan ýigitler gylyçly gollaryny has giňden, has kuwwatly aýlap başladylar.

Emma, Görogly begiň: «Dünýäniň agyp-dönmesi bir pursatlyk ekeni,” diýşi ýaly, ýagdaý göz-açyp ýumasy salymyň içinde üýtgedi duruberdi. Ýigitler bilen söweşip ýören soldatlar öz aralarynda bir zatlar diýşip gygyryşdylar-da, synba-syrylyşyp söweş meýdanyndan çykdylar. Netijede depejigiň düýbünde duran soldatlar bilen ýigitleriň arasy boş galdy. Ýigitler muny başda öz ýeňişleridir öýtdüler. Soldatlar ejizläp ýeňse berýändirler hä diýmän depäniň biline dört hatar aýlanan soldatlaram «ýazzyny” bererler,  diýip, oýlandylar we uly joşgun bilen

atlaryny depejigiň düýbüne bakan debsileşdiler. Ýöne, hatara duran soldatlar gaçmana miltem etmediler. Gaýtam, bulara tarap agzybirlik bilen ot açdylar. Şol wagt depejigiň üstünde-de bir topbak esger peýda boldy-da, öň diňe maňlaýlaryndan gelýän bolsa, gyzgyn gülle indi ýigitleriň depesindenem ýagyp başlady. Şondan soň olara ýekeje ädimem öňe süýşmäne maý bolmady. «Ah” diýmäne-de ýetişmän atdan agýanlaryň ýa aty zady bilen tüwdürilip gidýänleriň sany köpeldi. Üstesine ýaňky ortadan aýrylan soldatlaram arkadan gelip ýigitleriň gitjek ugruna böwet boldular. Ýene bir bölek soldat gelip iki gapdaldan atmana durdy. Ýigitler bütinleý gabawa düşdüler. Otly halkanyň aýlawy bolsa gitdigiçe daraldy.

Olara at başyny öwräge-de, yzdan gelýän toparyň üsti bilen urdumçylabermekden başga alaç galmady. Ruhy batyr ýyldyrym çaltlygynda elini goltugyna sokup çykardy . ýigitleriň depesinde «şapyrdap” üç gezek öwrüm eden akja kepderi däri tüssesinden ýaňa emele gelen ýukajyk goňras perdäni böwsüp geçdi-de, gök asmana tarap gaýdyrylyp gitdi.

Indi, ähli zat edil adam ýaly syzýan türkmen bedewleriniň duýgurlygyna bagly. Her gezekki «gümpüldiden” soň olar başlaryny silkişip özlerini arkan-arkan zyňýarlar, art aýaklarynyň üstüne galyp, aýylganç-aýylganç kişňeýärler. Şonda olaryň ýelden doly burunlarynyň deşikleri ýyrtylaýjak, agy köpelen gözleri bolsa hanasyndan çykaýjak bolýar, ýöne, yza dönjek bolup, howpuň öňünden sowuljak bolup dyzanoklar, çünki üstlerindäki merdana ýigitleri gyzyl oduň içinden hut özleriniň alyp çykmalydyklaryna düşünýärler. Ýaralanyp eýerden agjak bolanlarynda haýsy tarapa gyşarsalar şol tarapa ýegşerilişip özleriniň maýyşgak hem çeýe hereketleri bilen eýelerini jeň meýdanyndan alyp çykýarlar, iň bolmanda aýak astyna düşüp, at tozuna garylaýmakdan gorap saklaýarlar. Şeýtmek bilen olar däl-de, eýsem, Göroglynyň Gyraty ýaly eýesine yssy, edil ynsan ýaly duýgur, syzgyr, syrdaş, ýowuz günde ýoldaşdyklaryny ýene bir gezek subut edýärler. Öň aýaklarynyň toýnaklaryny ot açyp duran eli tüpeňli soldatlaryň başlarynda oýnadyşyp, ýykylanlaryny basgylaşyp, gapdaldan gelenlerini gapyp, yzyndan topulanlaryny depip, gelen yzlaryny nazarlap, kem-kemden ileri süýşüp barýarlar. Olaryň üstünde bek oturan döşleri gapak ýaly eginlek, gollary berdaşly ýigitlerem Günüň şöhlesine ýyldyrym çakan ýaly lowurdap gidýän egri gylyçlaryny soldatlaryň kä çigninden, kä boýnundan, käte süýr depesinden, juda bolmasa ‘jalkyldadyp” tüpeňleriniň nillerinden salmak arkaly özlerine ýol arçaýarlar.

Lagerden saýlananlaryndan soň, seýregräk hem bolsa garaz ýitgi çekip gidip oturmaklyk käbir soldatlarda ätiýaçlyk duýgusyny döretdi. Şonuň üçinem kem-

kemden, ökje ogurlap söweşden çykýanlaryň sany artdy. Bu ýagdaýy duýup, beýlekilerem ajalyň agzyndan daşlaşmak bilen boldular.

Şeýlelikde, ýigitleriň barýan ugurlarynda ilk-ä bir böwşeälik emele geldi, hä diýmänem doly açyldy. Ýüwrük aýakly, kelte bykyn bedewler deraz boýunlaryny öňe tarap süýndürdiler-de, gabawdan suwulyşyp çykdylar.

Ülker deý bir toplum bolup barýan ýigit ler zemin ýzre öňe süýşdüklerisaýy akja kepderi hem asmanyň gum gerişlerine birikýän serhedine tarap pessaýlap başlady. Jany ýanan soldatlar oňa tarapam ok atdylar.

Olar oňa tarap öňem köp gezekler atypdylar. Asyl, Ahal topragyna aýak seken günlerinden bäri atýardylar. Tüpeň bilenem atýardylar, top bilenem atýardylar. Uruş döwri Ruhy batyryň Gökdepe galasyna eden duýdansyz çozuşlarynyň birinde-hä oňa tarap birnäçe gezek raketa hem atypdylar. Emma urup bilmändiler. Olar ony hiç haçanam urup bilmediler. Ýöne, soldatlar: «Biz urýas, emma Guşly batyryň ak kepderisi köpmişin, şonuň üçinem ol indiki gezek başgasyny alyp geläýýär” diýip, öwünmäni welin ýatdan çykaranoklar.

Ol gürrüň hakykatda nähili? Dogrudanam Guşly batyr hemişe şol bir guşuny alyp gelýärmi ýa urlan guşuna derek başga birini getirýärmi, ony batyryň özünden başga bilýän ýok. Ýöne, gep onda däl. Gep-aýgytlaýjy pursat gelen wagty onuň guşunyň hökman uçýanlygynda! Islän ýerinde uçuryp, bilýänliginde. Şol guşuň uçman galmaýanlygynda! Onsoňam, ol guşuň haçanam bolsa bir gezek soldatlaryň okundan ýaralananyny asmandan tüwdürilip gaýdanyny, «patlap” ýere gaçanyny henize çenli-hä gören ýok. Bolmazam! Çünki, ol halkyň ruhy. Ruhy bolsa atybam, asybam, öldüribem bolmaýar.

Gelendäkilerine görä sany ep-esli azalan ýigitleriň ýaýdan sypan ok ýaly Garaguma sary süýnüp baryşlaryny depäniň üstünden synlap duran Skobelewem şol gezek şony diýdi:

– Bu goşun däl. Halkam däl. Bu – ruh. Halkyň ruhy. Özi boýun bolanam bolsa, ruhynyň boýun bolmandygynyň alamaty. Bize häzir halkyň özi däl-de, ruhy garşylyk görkezýär. Ten yzasyny duýan janly beden beýdip, ajalyň üstüne göni sürnüp gelmez. Şunça goşunyň içinden beýdip çykyp gidibem bilmez. Bizi ýeňip ýa indiden soň ýurtdan çykaryp bilmejekdiklerine özleriniňem gözleri ýetýändir, ýöne, olaryň bu hereketleri ruhy taýdan boýun bolmandyklaryny subut edip gitdikleri diýip düşünmeli. Ruhy güýji henize bu güne çenli ýeňen ýok. Adamzat taryhy şeýle zady bilmeýär. Iň kyny ana şol! Ýurdy güýç bilen boýun egdireniň bilen işiň tamamlanmaýanlygy! Esasy işiň şondan soň başlanýanlygy! – Skobelew agras ädimler bilen depeden aşak düşüp ugrady. Gapdalynda duran dürli çindäki ofiserlerem onuä yzyna eýerdiler. Depäniň orta biline barandan soň general aýak çekdi-de, gapdalyndakylaryň ýüzüne ýeke-ýeke seredip sözüni dowam etdirdi.

– Biziň öňümizde-de ana, hut şol mesele dur. Hernäçe kyn düşse-de, biziň muny boýun almagymyz gerek... Bu göreş bir ýa on ýyla çekmez. Ol hatda Guşly batyry öz ýigitleri bilen bilelikde derbi-dagyn edäýenimizde-de tamam bolmaz. Ol göreş halkyň ganynda, aňynda asyrlarboýy, tä biziň agalygymyz tamam bolýança dowam eder. Biziň ana, şol göreşde hem üstünlik gazanmaga ymtylmagymyz gerek. Bu halkyň edermendigini, Watan üçin gan döküp, ölüp bilýändigini biz gördük. Ol sylag-hormata mynasyp. Iň bir esasy zadam ol namysjaň. Ine, biziň mundan buýana şuny göz öňüne tutmagymyz gerek. Olaryň ynamlaryna girmekligi başarmagymyz gerek.

Howwa, Skobelew öz egindeşlerine şeý diýdi. Ýöne, her niçik hem bolsa, şondan soň ähli ünsüni Guşly batyry zyýansyzlandyrmak çärelerine gönükdirmekligi, onuň ähli hereketlerine gözegçilik edip durmaklygy, gumdan çykmazlygy üçin ähli tagallalary etmekligi, ýollara sakçylar goýmaklygy, ahyr bir günem aýgytlaýjy zarba urup, ony köki-damary bilen ýok etmekligi öz öňünde wezipe edip goýdy. Egindeşlerine-de şeý diýip, tabşyrdy. Degişli buýruklar çykardy. Görkezmeler berdi.

Bu habar hä diýmän Guşly batyra-da ýetdi. Ýöne, ol onsuzam aýrysaklyň özüne ynjalyk bermejekdigini bilýärdi. Şonuň üçinem, bu gezegem bolýan ýerini üýtgetmek bilen boldy. Onuň bu pikirini ýigitlerem, Enehakyda hem makullady.

Şeýlelik bilen olar Garagumyň jümmüşindäki ullakan kak suwunyň gyrasynda ýerleşýän «Kakguýa” göçdüler. «Kakguýy” köpden bäri ulanylman ýatandygy sebäpli tas gömülen ekeni. Ýöne, erjel ýigitler ony sanlyja günüň içinde bejerdiler, «jüňňüldäp” duran gowa doly süýji suw çykardylar. Ol adamlara-da, mallara-da bol-elin ýetdi. Aldyklarysaýam köpelmek bilen boldy.

Ruhy batyr ol ýerde ýerleşip, ähli güýjüni bir ýere jemländen soň, ors goşunlarynyň garşysyna täzeden, haýsy ýerde, haçan we nädip zarba urmalydygy barada ýigitleri bilen maslahat geçirdi. Şol maslahatda ýazyň çykmagy bilen, Dykma serdaryň boýun sunup Aşgabada, Skobelewiň ýanyna barandygy baradaky habar hem orta atyldy.

– Ýeke bir Dykma s-serdar däl, Magtymguly hanam, Gulbatyr serdaram, b-beýleki han-beglerem şeýdipdirler... – diýip, Durdy batyr ýüzüni iki ýana ýaýkap durşuna ýangynly gepledi. – Indi bize hiç ýe-ýerden g-goşmaça güýç gelmez...

– Gala ýykylanda-da şunça gynanmandym, çünki, ol wagt göreşi dowam etdireris, diýen ynam, umyt bardy... – diýende, Ruhy batyryň dodaklary edil göwni galan çaganyňky ýaly kemiş-kemiş etdi. – Şol ynam, şol umyt bizde dek düýnem bardy, emma bu gün ýok. Gutardy...

– Her niçik hem bolsa ruhdan düşmeli däl... – Enehakydanyň owadan goňur gözleri jöwherlenip gitdi – Esasy zat şunça adam duşmandan ýeňilenini boýun

almady. Biz ony entegem boýnumyza alamyzok. Mundan buýana-da almarys. Ýeňilenini boýun almadyk şunça adamyň bardygyny bilip durka, duşman hiç haçan ynjalykly oturyp bilmez. Ol özüni gije-gündiz otly taganyň üstünde oturan ýaly duýar.

– Biz olary ýeke bir biynjalyk etmeris-de, yzly-yzyna agyr-agyr zarbalar urarys. Ýurtdan çykyp gitmäne mejbur ederis.

– Howwa! Biz hut şeýderis!

– Biz hiç haçan göreşi bes etmeris!

– Ölsegem ýaraglarymyzy tabşyrmarys!.. – diýşip, ýigitler ýerli-ýerden gygyryşdylar.

Şeýle hem olar şol gün dogar aýyň garaňkysynda Gökdepä gaýtadan çozmaly diýen netijä geldiler. Şeýdibem dagaşdylar. Enehakyda hem özi üçin ýörite dikilen öýüne tarap ugrady.

Köpçülik gidenden soň Ruhy batyryň oturyp mazasy bolmady. Daş çykdy. Görse Enehakydanyň bolýan öýüniň gapysy açyk. Ojakda ot ýanyp dur. Gyzyň özem ojak başynda eňegini dyzyna diräp, agyr oýa batyp otyr. Iki gözem otda. Ot pesendeläberse üstüne bir şahajyk ojar taşlaýar. Kesindi bilen käte bir oduň o ýerini, bu ýerini ölçerip goýberýär.

Şol tarapa ýönelenini, işige golaýlaşanyny Ruhy batyryň özem bilmän galdy. Gelenini bildirmek üçin ardynjyrady. Göwresini dikeltdi. Boýnuny süýndirip oduň üstaşyry gapa seretdi. Geleniň kimdigini saýgarmak üçin sag eliniň aýasy bilen ýüzüni oduň yşygyndan penalady. Şol wagt onuň tärime düşüp duran ullakan kölegesi hasam ulaldy. Usullyk bilen iki tarapa yraň atdy.

Gapyda duranyň kimdigini bilensoň Enehakyda ýuwaşlyk bilen:

– Wiý-ý... – diýip, dodagyny dişledi-de, usullyk bilen ýerinden turdy. – gel, Ruhy, gir... – Sag aýagy bilen ätlän ýigit içeri girenden soň ony töre çagyrdy. – Geç, Ruhy, ýokary geç, ýa ojak başynda oturjakmy?

– Şeýdäýeýin... – Ruhy batyr ojak başynda ornaşdy. Nirede çökjegini bilmän ýaýdanýan ýaly iki tarapyna garanjaklap dik duran Enehakydanyň ýüzüne seretdi. – Gel senem ojak başynda oturaý, Enehakyda. Bu ýeriniň mährem bir başga. – Enehakyda gelip ojak başynda ýerleşensoň Guşly batyr täzeden tutaşyp ugran oduň howrundan goranmak üçin azajyk arkan gaýyşdy. – Umuman, ojakda ot ýanyp dursa gör, nähili gowy. Şeýle dälmi, Enehakyda.

Oduň ýagtysynamy ýa uýaljynamy ýaňaklary ýigidiň ýaňky sözünden soň hasam al öwsen gyz mylaýym ýylgyrdy. Çalaragam baş atdy.

– Elbetde.

– Onda-da öz öýüňde ýanyp dursa. Ikimiz öňem ojak başynda şeýdip oturardyk ýadyňa düşýämi?

– Elbetde.

– Men şonda seniň bilen ömürboýy bir ojagyň başynda oturmaklygy arzuw edýärdim. Ýöne, meniň ojagym häzir otsuz.

Ýigidiň aýlawyna düşünen gyzyň dodaklary bu gezek çekinjeňlik bilen, çalaja çyzyldy. Sag eliniň süýem barmagyny ilk-ä dodagyna ýetirdi, soňam eda bilen dişledi. Şonda ol ýap-ýaňyjada men diýen batyr ýigitlere maslahat berip, «pert-pert" gürläp oturan merdana gyza däl-de, duşuşyk mahaly aşygynyň öňünde aljyrap duran çekinjeň magşuga meňzedi.

– Seniň ojagyňda-da ot ýanar, enşalla, Ruhy...

– Agzyňdan Hudaý eşitsin, Enehakyda. Ýöne...

– Hä, ýönäň näme?

– Ýönäm... Ýönäm neme-dä... Oňa ot salar ýaly bike gerek-dä...

– Sen ýaly ýigidiň ojagyna ot saljak maşgala kändir...

Ruhy batyr «öwhüldäp" dem aldy.

– Wah, kändir welin...

Enehakyda çep gözüniň gyýgy bilen ýigide syrly seretdi.

– Howwa, weliniň näme?

– Aý, öz göwün söýen maşgalaň bolsa gowuda.

– Belki, şol göwün söýen maşgalaň bolaýady-da...

– Haý, näbileýin-dä...

– Näumyt bolma, Ruhy, hemme zat gül ýaly bolar. – Enehakyda gaşlaryny çytyp ýalandan ynjan boldy. – Ýogsa-da, kim ol sen göwün söýen maşgalaň?

Ruhy batyr böwedi böwsülen sile döndi.

– Ony özüň gowy bilýäň, Enehakyda. Ikimiziň iň soňky gürrüňimiz ýadyňdadyr. Şonda men saňa islän wagtyň baraň, kabul ederin, diýipdim. Ine, sen geldiň, ýöne başga niýet bilen, il-gün bähbitli, döwlet möçberindäki, uly maksat bilen geldiň. Şonuň üçinem men saňa şol gürrüňimizi ýatlatmana ejap edip ýörün... – Guşly batyr esasy sözüni aýtmaga aýgyt edibilmeýän ýaly aşak bakyp ýüzüni iki-baka sypajaklatdy. Süňklek, uzyn barmaklaryny owkalaşdyrdy. «Şark-şark" etdirip bogunlaryny boşatdy. Ahyram ýüregini bire baglady-da, aşaklyk bilen gyzyň ýüzüne seretdi. – Ýöne... näme üçin ýanyňda Ahally ýok? Ol bu ýere seniň bilen bile-de gelmedi, yzyňdanam gelmedi. Özüňem bu hakda dil ýarmadyň. Iň soňky gezek gepleşenimizde bolsa, öz söýgiňi oäa bagyşlaýandygyňy aýdypdyň. Men senden ine, şuny soramakçy bolup ýördüm.

Enehakyda ojakdaky kä ýeri gyzyl köz, kä ýeri gara kömür, kä ýerleri bolsa çalymtyl kül bolup duran uzynly gysgaly kesindileriň keşbine, entegem ýylpyldap şöhle saçyp duran ýokarsy aksowult, düýbi sarymtyl ýalynlara seredip oturşyna diýseň parahat gürledi.

– Diýýänleriň hemmesi dogry, Ruhy. Şu soragy iru-giç berjegiňi men aňýardym. Garaşýardymam. Ýöne, menem özüň söz açmankaň aýtmana ejap edýärdim. Dogry, men bu ýere uly maksat bilen geldim. Ýöne, ol maksat seniň bilen bagly. Şol uly maksadyň aňyrsynda sen dursuň. Şonuň üçinem, bu ýere sen diýip geldim. Seniň üçin geldim. Çünki, senden tamam bardy, onam sen ödediň. Eýesiz galan ýurda eýe çykdyň. Elbetde, tutuş ahal iliniň hötde gelibilmedik zadyna sen öz sanlyja ýigitleriň bilen hötde gelip bilmersiň, ýöne, sen duşmana türkmen halkynyň ýeňilmezekdigini subut etdiň, ant içmedik hem bolsaň ýurda ant içenlerden has ileri durduň. Ýeňilmediň. Ýeňileniňi boýnuňa almadyň. Bigäne baýarlaryň ýanyna boýnuňy burup barmadyň. – Enehakyda uludan demini aldy. – Ahally barada aýdanymyzda bolsa ol indi ýok. Iň bolmanda meniň üçin ýok. Ol şertinde durubilmedi. Ilkinjileriň hatarynda gala baryp ýaragyny tabşyrdy. Maňa bolsa ýeke öz aýalyna däl-de, tutuş ýurda eýelik edibilýän är gerek. O-da sen! – Gyzyň gözlerine ýaş aýlandy. – Men seniň bilen şu Garagumyň içinde ömrümi ötürmelem bolsa kaýyl. Kaýylam, taýynam. Islän günüň öý tutun, içinde ojak ýasa, oňa ot salmak, oduny öçürmän saklamak, çaýyňa-suwuňa seretmek, gije ýatyrkaň üşäp oýansaň üstüňi örtmek meniň bilen.

Ruhy batyr ör turdy. Enehakyda hem onuň bilen deň gopdy. Tärimleriň ýüzündäki iki kölege birleşdi.

– Mähribanym! Arzuwym! Armanym! Çagalykdan göwün beren söýgüli ýarym!..

Ruhy batyryň pyşyrdap aýdan, içi mähirden hem hyjuwdan doly şojagaz sözünden soň esli wagtlap ojakdaky üstüne täze odun atylan otdan göterilýän uçgunlaryň «şatyrdysyndan” başga ses-üýn eşidilmedi. Gyzyň gursagyndaky gürsüldäp urýan ýyly mähir ýigide, ýigidiňki gyza geçdi. Bar zat gepsiz-gürrüňsiz düşnükli boldy. Ruhy batyr maksadyna ýetdi. Güýjüne-güýç, ruhuna-ruh goşuldy. Ol gujagyna gysyp durşuna agzyny gyzyň gulagyna golaýladyp ýuwaşja pyşyrdady.

– Onda, öý-ojak meselesini uzaklaşdyrmaly, Enehakyda. Bu çöl-beýewanyň içinde biziň ata-da özümiz, ene-de. Öz göbegimizi özümiz kesmesek bäş oýnam atly-ýaragly ýigitlerden başga hossarymyzam ýok. Olaryň içinde molla bolmasa-da, nika gyýarlyk doga bilýänem, dutar bolmasa-da, taýaga ýanap bäş-üç sany aýdym aýdyp bilýänem tapylar.

Bu mesele boýunça men ýigitlerim bilen hut ertiriň özünde maslahatlaşaryn.

## 5. Yza ýol ýok.

Şol günüň ertesi Kakguýuda Ahally peýda boldy. Onuň özem, ýabysam ýadaw. Telim gün ejir çekendigi bildirýär. Öň belet adam bolaýmasa tanar ýaly däl. Sähelçe sorag-ideg edenden soň ol gelip göni Enehakydanyň gapysynda atdan düşdi. Ýigitleriň biri gelip at tutdy. Daňmaga äkitdi. Enehakyda atyň dükürdisine ylgap daş çykdy. Ahallyny görüp allaniçiksi boldy.

— Hi-ih, Ahally? Sen nädip bu ýerlere düşüp ýörsüň?

Ahally ýüzüni iki baka sypajaklatdy. Enehakydanyň ýüzüne seretmän gepledi.

— Men ýalňyşymy düzetmäne geldim, Enehakyda. Sen dogry aýdan ekeniň. Baknalyga boýun bolandan öleniň ýagşy ekeni. Olar eýýam obalarda hojaýynçylyk edip ugradylar. Men Ruhy batyra nöker durmaga geldim.

— Onda sen gelmeli gapyňy ýalňyşyp gelipsiň. Bu mesele bilen Ruhy batyr meşgul bolýar. Goşun toplaýanam men, däl-de, şol. Sen şonuň ýanyna bar.

— Bilýän. Ýöne, men sen diýip geldim. Seniň söýgüňe mynasyp bolmak üçin, içen antymda, eden şertimde berk durup, erkinlik ugrundaky göreşe goşulmak üçin geldim. Şu gysgajyk döwrüň içinde men köp pikir etdim. Sensiz ýekeje günem ýaşap bilmejekdigime göz ýetirdim. Men indi seniň üçin özümi dowzaha urmalam bolsa kaýyl.

— Her niçik hem bolsa sen bu ýere baknalygy ýokuş göreniň üçin däl-de, mensiz ýaşap bilmeýänligiň üçin gelipsiň-dä. Eger-de, men obada bolan bolsam, ýa-da öňüňde şeýle ýowuz şert goýmadyk bolsam, onda, Kakguýy bilen Ruhy batyr ýadyňa-da düşjek däl ekeni-dä... Sessiz-üýnsiz saňa durmuşa çykaýan bolsam-a bu zatlar asla oýuňa-da geljek däl ekeni-dä...

— Indiden soň bir beý diýmesene, Enehakyda. Öňdenem sary gaçan ýüregimi paralamasana,

— Bolýa. Men seni gyssap durmaýyn. Ýöne, bir zady öňünden aýdaýyn: eger men diýip gelen bolsaň-a arkaýyn gaýdyber...

— Näme üçin?

— Sebäbi indi giç.

— Näme üçin giç.

— Men eýýäm Ruhy batyra söz berdim.

— Haçan?

— Öten agşam.

— Aý ýog-a?

—Hm-m...

— Belki...

— Ýok, Ahally. Sen hakykatdanam gijä galdyň. Ýekeje gün gijä galdyň. Men indi beren sözümden dänip bilmen. Onsoňam meniň üçin gelen adam meniň ýok günüm bu ýoly aňsatlyk bilen terk edip gider. Ruhy batyr bolsa bu ýola maňa bolan söýgüsi üçin däl-de, özüniň Watana bolan söýgüsi, ile-güne bolan ygrary, ygtykady üçin düşdi. Menem ony hut şol häsiýeti, şol ýola düşendigi üçin saýladym. Ol ikimizi maksat birikdirdi. Belki meniň saňa bolan söýgim aslyýetinde oňa bolan söýgümden güýçliräkdir, ýöne, me diňe meni söýen ýigidi däl-de, ýer-ýurdyny, il-gününi söýýän ýigidiň hyrydary. Egerde senem şol ýola düşen bolsadyň, onda meniň saňa bolan söýgümiň ornuny hiç kim, hatda Ruhy batyr hem eýeläp bilmezdi.

Ahallynyň sesi naýynjar çykdy.

— Mende indi hiç hili umyt ýokmudyr, Enehakyda?

— Ýok, Ahally, hiç hili umyt ýok. Men Ruhy batyryň ojagyna ot salmaklyga razy boldum. – Enehakyda uludan demini aldy. – Men seniň ýagdaýyňa düşünýän. Mensiz saňa kyn bolýanynam, ejir çekýäniňem bilýän, dogrysy seni unutmak maňa-da aňsat düşmez, ýöne, nätjek, başga ýol ýok. Sen ýalňyşdyň, şeýdibem öz ykbalyňy özüň bulaşdyrdyň. Indi bolsa giç. Bar zady menden görme, özüňden gör.

Şol wagt Ruhy batyr geldi. Ol Ahallynyň näme maksat bilen gelendigini, Enehakyda bilen näme hakda gürleşip durandygyny aňsa-da, dostlarça salamlaşdy. Hiç hili öýke-kine, gabanç alamatlaryny bildirmedi. Ony öz öýüne çagyrdy. Töre geçirdi. Öňünde saçak goýdy. Ahwallaryny soraşdyrdy. Iliň-günüň ýagdaýynam sorady. Şol wagt yşgyň heserinden başga hiç zat gözüne görünmeýän Ahally onuň ol diýýän zatlaryny aňşyrmadam. Birdenem onuň gözi öýüň ortarasynda, ýap-ýaňyja gurlan, entek yzgaram gurap ýetişmedik täzeje ojaga düşdi. Enehakydanyň hälki ojakly gürrüňini ýatlady. Dodaklaryny kemşerdip zordan gepledi.

— Ojagyň gutly bolsun, batyr.

— Taňryýalkasyn.

Şol wagt goltugy odunly Enehakyda gapydan girdi. Odunyny ojagyň sag gapdalynda goýdy. Myhmana gyýa oturyp ojaga odun saldy. Çakmak bilen tutaşdyrdy. Gübürdäp ugrandanam Ruhy batyryň ýüzüne seredip birgeňsi ýylgyrdy. O-da ýylgyrdy.

Henizem dodaklaryny müňküldedip, bokurdagyny dolduryp oturan Ahally möňňüribermekden zordan saklandy. Ýöne mert gürledi.

— Ojagyňyz gutly bolsun, Enehakyda.

— Taňryýalkasyn.

— Ody hiç haçan egsilmesin. Sönmesin.

— Aýdanyň gelsin.

— Töwereginde nesilleriňiz örňesin...

Enehakydanyň ýaňaklary gyzardy. Ol indi ikinji gezek ýylgyryp Ruhy batyryň ýüzüne bakdy.

Ruhy batyr Ahalla ýüzlendi.

— Ertir biziň toýumyz, Ahally. Sen biziň myhmanymyz bolarsyň. – Ruhy batyr şadyýan seslendi. – Belki, aýdymam aýdyp berersiň.

Ahallynyň sesi güňleç çykdy.

— Mende dutar ýok.

— Dutar tapylar.

— Tapylsa tapylaram-a welin... – Ahally birdenkä «öwhüldäp» ýerinden turdy-da, gözüni adamçyl erkegiňki ýaly agdar-düňder edip Ruhy batyra seretdi.– Sen näme üçin meň ýüregime dag basýarsyň, batyr! Näme üçin meni beýle ýowuz synaglara sezewar etmek isleýärsiň? Sen meniň ýüregimi sogrup öz eliňe aldyň, ähli umyt-arzuw;arymy syryp-süpürip aňryňa geçirdiň. Şu zatlardan soňam sen maňa: toýumda aýdym aýdyp ber, diýýärsiň. Hiý, ölen adamam bir öz patasynda aýdym aýdyp bilermi-i? ...

Ruhy batyrdyr Enehakyda ikisem «zöwwe» ýerlerinden galdylar. Böküp baryp Ahallynyň alkymyna dykyldylar. Onuň halyna gynandylar. Ýürek yzasyna düşündiler. Sözüni soňlaryna mähetdel Ruhy batyr elini onuň egnine goýdy.

— Bagyşla, Ahally. Men şony diýmeli däldim. Men seniň ýagdaýyňa düşünýän, ruhy ahwalatyňy duýýan, ýüregiňde nähili harasar gopýandygynam bilýän, çünki, dek düýýnem men özüm seniň ýagdaýyňdadym. Ol wagt bagt guşy seniň egniňdedi. Men ondan bütinleý tamamy üzüpdim. Galan ömrüni ol seniň bilen geçirer öýdüpdim, emma ine, bar zat başgaça boldy. Bagt guşy bu gün gelip meniň başyma gondy. Bu, pelegiň oýny. Nesibe. Bu ikiarada biziň hiç birimiziňem günämiz ýok. – Ruhy batyr sesini peseltdi. – Ýöne, biz entek nikalaşamyzok, birek-birege söz berenimize bir günem geçenok, toý tutamyzok, ynha Enehakyda, hälem bolsa gürleş, düşüniş göwnüňde arman galmasyn. Men seniň eliňden bagtyňy zor bilen alýan ýaly bolmaýyn.

Ahally içigip-içigip dem aldy, tisgine-tisgine sojady. Diňe şondan soň ol az-kem köşeşdi.

— Biz eýýäm gürleşdik, batyr. Düşünişdigem. Gyz seňki. Sen ony menden zor bilen däl-de, öz mertligiň, tutan belent maksadyň bilen aldyň. Onda-da onuň özi üstüňe öz aýagy bilen geldi, meni taşlap geldi. – Ahally ýuwdunjyrap aşak bakdy.

Damagy doldy. – Barysyna men özüm günäkär. Men ýalňyşdym. Men onuň ynamyny ödäp bilmedim. Elbetde, ol meni söýýärdi, ýöne, onuň kalbynda söýgüdenem has belent maksat ýatyr, men ana, şony wagtynda duýup bilmedim, şoňa mynasyp bolup bilmedim. Ony şol maksada tarap alyp gidibiljek bir adam bar, o-da sen, Ruhy batyr! Men size uzak ömür, ak ýol arzuw edýärin...

Ruhy batyr ýene-de onuň göwnüni awlamakçy boldy.

— Isleseň biziň bilen bu ýerde gal, ýigitlere goşul.

— Ýok, Ruhy, men indi bu ýerde galmaýyn. Bu ýerde galsam her günde ýüz gezek derdim täzelener, men onsoň o keselden hiç wagtam gutulyp bilmerin. «Oýunçy utulanyny bilse ýagşy» diýipdirler.

Ruhy batyr aşaklyk bilen Enehakydanyň ýüzüne seretdi. Gyz usullyk bilen baş atdy. Ruhy batyr şondan soň ýigitleriň birine myhmanyň atyny getirmekligi buýurdy.

Ahally agyr ýük astynda galan ýaly kynlyk bilen atlandy. Onuň hut ertiriň özünde toýlary tutuljak ýaş juwanlara ýene bir gezek hoş söz aýdasy, saýlap alan kyn ýollarynda üstünlikler arzuw edesi geldi, emma bokurdagy dolup durandygy sebäpli gepläp bilmedi.

Böwrüne debsilenen at günbatar sary ýyldyrym deý süýndi. Hä diýmänem alaňlaryň aňyrsynda duwlandy. Şol wagt Enehakydanyň gözlerinde ýaş göründi. Ruhy batyr ony görmezlik üçin beýlesine bakdy.

## 6. Toý gijesiniň ertesi.

Nika agşamy Aý aýdyň, howa sergin boldy. Baharyň gül ysly mymyk hem ýumşak şemaly birsyhly ülpüldäp, mylaýymlyk bilen öwüsdi durdy. Gijäniň ýaryna golaý gara öýüň içinde ikiçäk galdyrylan ýaş çatynjalar serpigi serpdiler, tärimiň keçesini çermediler. Daşarynyň hoştap howasy içerä doldy.

— Ömrümde iň asuda geçen gijäm şü meniň – diýip, Ruhy batyr daňdanalar tüýnükden jyklaýan dolgun Aýy, onuň ýüzünden syrylyp barýan ak öýmä meňzeş ýukajyk bulutlary synlap ýatyşyna ýuwaşja seslendi. – Özümi bilelim bäri ýaşan günlerimiň aý-ýyllarymyň barysy gowgada geçdi. Adamyň janyna aram beriji, şular ýaly rahat sapaly pursatlar bolýandyr diýip, oýuma-da gelenokdy... Bu gijäni maňa sen berdiň, Enehakyda. Men bu gije özümiň çagalykdan bäri edip gelýän arzuwyma ýetdim.

Ýeke bir Ruhy batyr däl, şeýlekin süýji pursatlaryň lezzetini Enehakyda hem ilkinji gezek duýýar. Şu gijäni onuňam hiç haçan gutarmazlygyny, ömürlik dowam etmegini isleýär. Çünki, bu ikisiniň häzirki gark bolup ýatan täsin dünýäsiniň içinde uruşam ýok, goh-galmagalam, ahy-nala-da, haý-waý hem ýok. Synan gala-

da, elden giderilen ýurdam, näçe wagta çekjekdigi näbelli baknalygam ýok. Häzirlikçe wagt durdy. Doňdy. Bu dünýä düýbünden başga dünýä. Ol düýnä söýgi dünýäsi. Onuň içinde bary-ýogy iki adam bar. Olaryň bir-ä Ruhy batyr, beýlekisem Enehakyda. Olaryň içki dünýälerem, maksatlaram bir. Häzir külli türkmeniň maksady, ruhy, hakydasy birleşýär, garyşýar, gatyşýar. Alajaly ýag kimin alyşýar. Birleşen iki güýjüň eradasyndan emele geljek beýik binanyň binýady tutulýar. Onuň gurluşygynyň garaşylyşyndan has uzaga çekmegi hem mümkin, ýöne, haçanam bolsa, barybir ol bir gün berkarar bolar. Ol gün geler. Şol güni golaýlaşdyrjak güýjüň gözbaşynda bolsa, hemişe bolşy ýaly bu gezegem halkyň hakydasy bilen ruhy, erkinlik ugrundaky belent maksady durar.

Ýaş çatynjalaryň şon deý süýji lezzete gark bolup ýatan pursatlary, on-on bäş ädimlikdäki uly bolmadyk oýuň içinde daşy dürli dabaradan doly gabaraly oduň hem tä, daňdana çenli alawy peselmedi. Guşly batyryň ýigitleri ot başynda öz serkerdeleriniň şanyna ýakymly sözler aýtdylar, täze çatynjalaryň bagtly bolmaklaryny, uzak ömür sürmeklerini arzuw etdiler. Nireden tapandyklary belli däl, belent oduň «gübürdisiniň» ýigitleriň şowhunly sesleriniň arasy bilen ýeke tarly, kädisi jaýryk köneje dutaryň «alaşakyrdy» bolup çykýan çakyr owazam birsyhly eşidildi durdy. Soň ol owaza kimdir biriniň ýapbyldak, ýakymly sesi goşuldy. Goluň içi şeýdip, kem-kemden hakyky toýhana meňzedi.

Gijäniň bir wagtlary Ruhy batyr gelni bilen öýden çykyp ýigitleriň ýanyna bardy. Olar bilen gürleşdi. Çaý içdi. Degişdi. Gülüşdi. Täze gelin bolsa ýigitlere nesilbaşylary Oguz handyr onuň alty ogullary, Salyr Gazandyr, Gorkut ata, Alp Arslandyr, Jelaleddin barada hakyda aýdyp berdi. Aýgytly söweşlere ruhlandyrdy.

Ýöne, uly şowhun içre geçen parahat gijäniň säheri olary diýseň ýowuz garşylady. Gün dogar-dogmazyň öň ýany «toýçularyňam» toýuň sebäpkärleriniňem ýaňy bir başlaryny ýere goýan wagtlary edil ýerden çykan ýaly bolup, oýuň daş-töweregini bir bölek soldat gabap aldy. Olar ýarym ukuly halda gaýmalaşyp ugran ýigitleriň hemmesinden ýaraglaryny tabşyrmaklaryny, boýun egmeklerini talap etdiler. Egerde şeýtseler, baştutanlary bilen bilelikde barysyna aman beriljekdigini, öýli-öýlerine goýbeiljekdiklerini aýtdylar.

Ukusyzlyk sebäpli gözleri ýere gaçyp barýan hem bolsa, Guşly batyryň özem, ýigitlerem olaryň bu tekliplerini kabul etmediler we gyssagara maslahatlaşyp boýun egmeli däl, söweşmeli, diýen karara geldiler.

Dogry, ýigitlerde atgyr tüpeň azdy. Guşly batyryň özüniňkinem hasap etseň otuzdan köp däl. Galanlarynyňky ýa hyrly, ýa-da egri gylyç. Asyl-ha hiç-hili ýaragy bolman, olja düşerine garaşyp, häzirlikçe biş-düş, çaý-suw, odun-çöp, mal-gara we şuňa meňzeş işler bilen meşgul bolup ýörenlerem ýok däl.

Şonuň üçinem, Ruhy batyr çalt we köp atýan tüpeňli ýigitlere üznüksiz ot açmak arkaly duşmana tarap at salmaklygy ýyldyrym çaltlygynda aralaryna girip aljyratmaklygy, gylyçlaryň bolsa bir bölegine-hä olaryň yzysüre duşmana aralaşmaklygy, beýleki bir bölegine-de oýuň gündogar taraýndaky alaňdan aşyp, onuň aňyrsyndaky çöketligiň içi bilen duşmanaýň ýeňsesinden aýlanyp gelmekligi hem-de duýdansyz zarba urmaklygy buýurdy. Dört sany ýigide bolsa Enehakydany söweş meýdanyndan alyp çykmaklygy we özlerine Hakguýuda garaşmaklygy tabşyrdy.

Gyssagarada köwşüni geýmänem unudyp, ak çägäniň üstünde aýaklaňaçlygyna elewräp ýören Enehakyda bir ýassykda bary-ýogy ýekeje gije başlaşan ýanýoldaşynyň ýanyna ylgap bardy-da, iki elinem oňa tarap serdi:

— Ýok! Men gitjek däl! Men şu ýerde galjak. Ölsemem seniň bilen bile öljek!...

Guşly batyr kesgitli gürledi.

— Saňa ölmek bolanok. Sebäbi sen hakyda. Ýeke bir aýalym hökmünde däl, hakyda hökmünde hem seni goramak meniň borjum. Bar, git, goragçy ýigitler bilen bilelikde maňa Hakguýuda garaş!

Şeý diýdi-de, Ruhy batyr Enehakydany ýigitleriň biriniň jylawlap duran dor atyna mündürdi. Ýigitler ony aralaryna alyp, arka ýüzdäki alaňdan aşdylar. Hä diýmänem gözden ýitdiler.

Şondan soň ýigitler duran-duran ýerlerinde dyr-pytrak boldular, agşamdan bäri çalarak iltengi duran eýersiz atlaryna tarap ýüwürdiler. Barybam ýüplerini ýüzleriniň ugruna gylyçlarynyň ujy bilen çözdüler we böküp üstüne mündüler. Jylawlaryny duşmana tarap öwýrdiler. Bir gezek çalarak debsilenen demgir atlar edil ýaýdan sypan ok ýaly ýapyýokarlygyna tarap süýnüp gitdiler. Soldatlaryň öň hatarlaryny böwsüp geçdiler-de, eýelerini duşmanyň ortarasyna eltdiler. At üstünde ot açmak bilen içdilerine aralaşanlaryndan soň ur-tut tüpeňlerini arkalaryna atdylar-da, gylyçlaryny işledip başladylar. Garjaşmanyň gürlügi zerarly soldatlara tüpeň çenäre, atyşara maý bolmady. Ýigitleriň eden emelleriniň netijeli bolanyny gören Ruhy batyr ýene-de otuza golaý eli gylyçly ýigidi şol ýere iberdi. Galan ýüze golaý atly bolsa atylyp oýdan çykdy we kakyň gyrasy bilen ep-esli ýere çenli çepe gitdi soňam edil aýdylyşy ýaly, duşmanyň ýeňsesinden aýlanyp geldi. Duýdansyz ýerden gabawa düşen soldatlar öňküdenem beter aljyradylar. Öwran-öwranam beýik alaňyň çür başynda özlerindenem beter aljyrap, at başyny hä eýläk, hň beýläk, burup bir zatlar diýip, gykylyklap ýören komandirlerine tarap garanjaklaşdylar.

Ýagdaýyň düýpgöter başga tarapa öwrüm edenini gören komandirem üzeňňä galdy-da, gylyçly goluny ýokary galdyryp bar güýji bilen bokurdagyna sygdygyndan:

— Otstupaýe-e-em!.. – diýip, gygyrdy.

Onuň bu çagyryşyny eşiden soldatlar at başyny yza öwürmek, gabawy böwsüp geçmek we «Kakguýudan» daşlaşmak bilen boldular. Sözüni soňlaryna mähetdel, komandirleriniňem ellerini serip at üstünden arkan gaýdanyny görenlerinden soň-a söweş meýdanyndan söweşsiz çykmajak bolup henizem jeň edip ýören esgerlerem gaçyp barýan ýoldaşlarynyň yzyndan eňdiler.

Esli ýere çenli kowgy giden ýigitler gök asmanyň ýüzündäki «şapyrdap», aşyr atyp ýören ak kepderä gözleri düşenden soň yzlaryna öwrüldiler. Olaryň iň soňkusynyň Ruhy batyryň huzuryna gelmegi bilen, akja kepderi hem gelip, eýesiniň egnine gondy.

Elbetde, hernäçe aljyran hem bolsalar, soldatlaram az iş bitirmändiler. Ak çägäniň üstünde demsiz-düýtsiz serlip ýatan ýigitleriňem sany edil soldatlaryňkyça bolmasa-da, garaz ep-esli-hä bardy.

Olary howul-hara ýere duwlanlaryndan soň, diri galanlaryň barysy «paty-putularyny» ýygnaşdyrdylar-da, «Hakguýa» tarap ýola düşdiler.

Şeýlelikde, Ruhy batyr Garagum atly tomsuna gyzgyn, gyşyna sowuk diwarlary ygyp ýatan ürgün, kä ýeri ak, kä ýeri gyzgylt, kä ýeri bolsa goňrumtyl görünýän, gyrkylyk yzly çägeden ybarat berk galanyň içinde ornaşdy.

Iberen otrýadynyň masgaraçylykly ýagdaýda gaçyp gelmegi özüni türki halklaryň piri hasap edip ýören general Skobelewi dälilik derejesine ýetirdi. Otrýad komandiriniň wepar bolanyny eşidib-ä hasam gazaplandy. Hut ertiriň özünde öňkä görä has köp soldat bilen Guşly batyryň gözlegine gitmekligi we bu iş üçin islendik usuly ulanmaklygy islendik serişdäni gaýgyrmazlygy gerek bolsa söweşijileriň dogan-garyndaşlaryny, ilen-çalanlaryny, juda bolmasa obadaşlaryny tussag edip, girew hökmünde saklamaklygy, onda-da boýun egmeseler, girew alnanlary jezalandyrmagy öz ofisserlerinden talap etdi. Egerde, olaryň hiç biri başarmajak bolsa, onda bu işiň ugruna hut özüniň çykjakdygyny mälim etdi.

Ertesi dogrudanam toply-tophanaly agyr goşun güýçli saz astynda guma tarap ugrady. Ýöne, düýnki söweş bolan ýerden olar Ruhy batyryň ýigitleriniň özlerin-ä däl, hatda yzlarynan tapyp bilmediler. «Hakguýa» gidýän ýoly bolsa olar bilmeýärdiler. Aslynda şeýle guýunyň bardygynam, Ruhy batyryň şol ýere gidenin em bilmeýärdiler. Çünki, o-da Kakguýy ýaly irden bäri ulanylman ýatan taşlantgy guýularyň biridi we hiç ýerde bellikde durmaýardy.

Bu ýagdaý generaly öňküdenem beter kejikdirdi. Çünki, Garagumyň giňdigini, şony penalap garşylykly söweşe geçibilseler türkmenleriň özüne hiç haçanam ynjalyk bermejekdiklerini, ol ýagşy bilýär. Egerde, Ruhy batyryň bu göreşiniň

gerimi giňäp oňa Hywa, Buhara, Balkan, Mary belki-de, Türkmensähraly, Etrekli, Gürgenli türkmenlerem goşulaýsalar-a gazanylan ýeňşiň bütinleý elden gidäýmegi hem mümkin. Eger şeýle bolsa, onda baryp-ha beýik Pýotr tarapyndan düýbi tutlan Orsyýet – Hindistan atly ägirt uly taslama ýene-de kagyz ýüzünde galar. General munam gowy bilýär. Ýöne, uzak garaşdyrman Ruhy batyryň ýene bir gezek hüjüm etjekdigi barada welin pikirem edenok. Asla oýuna-da getirenok. Birneme güýç toplamak özüni tijemek üçin ol entek-entekler eglener, bäri-bärde gara bermez öýdýär.

## 6. Şowsuz çozuş.

Ýöne, ine, ýokarky wakadan on günem geçmänkä, süýr günortan, Ruhy batyr öz ýigitleri bilen indi ikinji gezek ors goşunlarynyň Gökdepedäki lagerine çozdy. Ýöne, bu gezekki çozuş şowsuz boldy. Çünki, ors ofiserleri indi türkmenleriň söweş tärlerini mazaly öwrenipdiler. Esasanam olar bilen «garjaşma» söweşine girmezligi, hemişe arany açyk saklamaklygy, gerek bolsa top, raketa ulanar ýaly mümkinçilikleri döretmekligi özleriniň kiçi çinli komandirleine berk tabşyrypdylar. Türkmenleriň partizançylyk urşuny has giň ýaýbaňlandyrmaklarynyň ahmaldygyny göz öňüne tutup, birnäçe gezek, täze taktikaly, goşmaça okuw-türgenleşik işlerini hem geçiripdiler. Iň bir esasy zadam olar gumdan gelýän ýollaryň ählisine gözegçi goýupdylar.

Ine, şol zatlar hem Ruhy batyryň bu gezekki çozuşynda özüniň oňyn netijelerini berdi. Gala ýetmäne esli aralyk galandan olaryň gelýändikleri barada habar düşdi. Öňden taýýarlanan meüilnama boýunça otrýadlaryň hersi öz ornuny eýeledi. Atym aralygyna gelenlerindenem ýigitleri ýerli-ýerden, ýöne, diýseň tertiplilik bilen oka tutup başladylar. Golaýlaryna barmadylaram, golaýlaryna getirmedilerem. Ýigitler welin şonda-da at başyny yza öwürmediler. Gaýtam, ýagmyr deý ýagýan gyzgyn gülleleriň arasy bilen soldatlaryň gür ýerine tarap at goýdular. Şondan soň olaryň üstlerine top oklaram ýagyp başlady. Ýigitler iňňän kyn ýagdaýa düşdüler. Aljyradylar. Atlar top okunyň düşen ýerinden göterilýän tot-tozandan ýaňa nirä gitjeklerini bilmän duran ýerlerinde «pyr-pyr» aýlanyşdylar. Art aýaklarynyň üstüne galyp, öň aýaklary bilen howany peşediler. Haýkyryşdylar.

Ruhy batyr elini goltugyna sokanynam bilmän galdy. Oňa çenli dumanam sowuldy. Akja kepderiniň «pasyrdap» asmana göterilenini gören ýigitler wepat bolanlaryň jesetlerini jeň meýdanynda galdyryp, gelen yzlaryna bakan rowana boldular.

Soldatlar olary tä gözden ýitýänçäler raketa okuna tutmak bilen ugratdylar. «Wazyrdaşyp» barýan gyzyl otlaram ýigitleriň ençemesini at üstünden agdaryp, gum yzarlamana, Garagumyň jümmüşine aralaşmana welin het edip bilmediler.

## 7. Jandurmaz ahunyň töwellasy

Ruhy batyr duşmany biynjalyk etmekligiň başga çärelerini agtaryp başlady. Ýöne, Skobelewem eýýäm onuň üçin iň bir aýylganç çäräni – girewli meseläni saýlap alypdy. Şonuň üçinem, günleriň birinde ýanynyň bäş-alty sany ýaşulysy bilen, Hakguýa Ahalyň tanymal adamlarynyň biri Jandurmaz ahun geldi. Ömrüni dünýäniň mekru-allaryna, dawa-jenjellerine  baş galdyrman, diňe hat-sowat öwrenmek, ylym almak, öz alan ylmyny ýaş oglan-gyzlara öwretmek bilen geçiren, hakykatçyl, dogry sözli, ortadan pesräk boýly, eti-gany ýerinde, kä ýerlerine gyraw düşen gür gara sakgally, ullakan ala gözleri hemişe gussaly görünýän, ýüzi ýaňy bir ýygyrt atyp ugran, bokurdagyny «hyjyrdadyp», howlukman gürleýän, mylaýym sesli, altmyş bäş ýaşlaryndaky, çalaja-da ynjygrak bu adamy Ruhy batyr köpden bäri tanaýardy. Sylanýan adam hökmünde ol ähli maslahatlara çagyrylýardy. Ýöne, aýdan sözi ýer tutmasa gaty görýärdi. «Etmejek bolsaýyz sorap nätjekdiňiz», diýýärdi-de, ýa-ha usullyk bilen ýerinden turýar gidiberýärdi, ýa-da «Onda özüňiz ýagşy bilýänsiňiz, siz näme diýseňiz bizem şoňa razy», diýýärdi-de, aşak bakyp oturşyna elindäki gyzyl monjukly tyesbisini ýetişibildiginden sanaberýärdi. Aýdýan zatlary welin galapyn dogry bolup çykýardy. Gala urşunyň öň ýanyndaky uly maslahatda-da ol Dykma serdar, Orazmämmet han, Hanmämmet atalyk ýaly adamlar bilen bir hatarda ekabyrlara ant içmezligi, Kurandan ätlemezligi, asyl-ha uruşmazlygy, urşulaýanda-da beýdip, gala bukulyp däl-de, arkalaryny Garaguma, Tejene, Mara diräp uruşmaklygy teklip edipdi. Gepi ýer almandan soň bolsa Gökdepeden çykyp gidipdi we şondan üäri Etekdäki obalaryň birinde çaga okutmak bilen meşgul bolup ýördi.

Galanyň synanyny welin uly yza hem gam-gussa bilen garşy alypdy. Dogry, Ruhy batyryň söweşi dowam etdirýändigini eşidip begenipdi, ýöne, güýjüniň azdygy sebäpli, aňyrsynda uly döwlet duran agyr goşuna uzak garşylyk görkezip bilmejekdigini göz öňüne getirip gynanypdy. Her namazyň, edýän aýat-töwürleriniň soňunda deň bolmadyk güýç bilen göreşýän bu batyr ýigide Alladan güýç, kuwwat rowaçlyk diläpdi.

Şeýle-de bolsa onuň keşbinde il-gün üçin geçmişde gaýrat görkezen az sanly ençeme ýigitleriň keç ykballaryny görüpdi. Şonuň üçinem, ony aňyrsy görünmeýän bu kyn ýoldan sowmaklyga synanyşyk etmekligi ýüregine düwüpdi. Skobelewiň

täze gelen karary onuň bu niýetini hasam tizleşdirmeklige itergi berdi. Hut, şol niýet bilenem bu gün ol şu ýere geldi.

– Sen mamla, batyr, seňki dogry... – diýip, köneräk gögümtil palasyň üstünde çöküne düşüp, çaý içip oturan Jandurmaz ahun esli wagta çeken mesaýy gürrüňçilikden soň esasy meselä geçdi. – Ýöne, hakykatyň ýüzüne dogry seredeli. Sende uly maksat bar, emma güýç ýok. Barjaňam gün-günden azalmasa köpelenok. Mundan buýana-da şeýder gider oturar. Çünki, her gezekki söweşde çekýän ýitgiň hele-müçük däl. Halk bolsa halys ysgyndan gaçdy. Eňki agdy. Dyzyna çökdi. Eňegini ýere berdi. Utulanyny boýnuna aldy...

– Ortada şert bar ahyry, ahun aga... – diýende, Guşly batyryň sesi çalaja sandyrady. – Ony nirä aýyrjak? Nädip ýuwutjak? ...

Jandurmaz ahun ýüreginden syzdyryp gepledi.

– Ol saňa degişli däl, ogul. Sebäbi, sen ant içmediň. Şertem etmediň. Kurany kerimdenem ätlemediň. Göreşi bes edeniň bilen sen ähtinden dänen adam bolaňok.

– Ýöne, men öň şert edip, indem şol şertine görä tä iň soňky demine çenli duşman bilen gidişmekligi ýüregine düwen adamlaryň öňüne düşüp ýörün. Biziň hemmämiziň maksadymyz badyhowalyk bilen içilen antyň, şertiň yzynda nämeleriň ýatandygyny subut etmek.

– Sen ony subut etdiň. Ýöne, barybir halky ýaňadan aýaga galdyryp bilmersiň. Onuň häzir gözi ýerde. Gara toprakda. Ol bu gün ekin ekip ýör, ertir bolsa hasyl almaly, çagasyny açlykdan alyp çykmaly. Ajyň bolsa aňy bolmaýar, batyr. Bir tetäriklik gara zagara bu wagt oňa bar zatdan beter zerur. Şonuň üçinem pendimi al-da senem garşylyk görkezmäňi goý. Özüňem, ýigitleriňem ajalyň agzyna itekleme. Ol nägehan bir gün siziň baryňyzy dolap alyp öz holtumyna dykar. Seniň ýigitleriň öz obalaryna başlaryny dik tutup baryp bilerler. Hiç kim olara tarap barmagyny çommaldyp bilmez. Çünki, olar öz borçlaryny berjaý etdiler. Özüňem parahat durmuşa dolan... – Jandurmaz ahun aýdýan sözleriniň täsirini ýüzünden aňmakçy bolýan ýaly Guşly batyra tarap tiňkesini dikip köp oturdy. Ahyry çalarak ardynjyrady-da, sesini gyryljyradyp sözüni dowam etdirdi. – Sen Dykma serdardanam gaty görme. Özüň bilýäň, başda o-da ant içmäniň tarapdary däldi. Ýöne ol köpçüligiň çözgüdine razy bolmaly boldy. Özüniň gorkak ýa namart däldigini, nähili usul bilenem bolsa watanyny goramana taýýardygyny subut etmeli boldy. Subut etdem. Gala synaly bäri ol Haweran çölünde oýlanyp köp gezdi. Arasynda meniň ýanyma-da baryp gaýtdy. Maslahatlaşdam. Men oňa-da şu, saňa berip oturan maslahatymy berdim. Çünki, başga ýol ýok. Şertimde tapylaýyn diýäge-de, gyljyňa sanjylyp öläýmegem aňsat däldir, batyr. Çünki, jan süýji, üstesine-de amanat. Ony diňe eýesi alyp biler. Hiç kimiň amanat zada kast etmäne haky ýokdur. Ony Garabatyryňky ýaly: «me saňa» diýäge-de duşmana bereniň

bilenem utýan zadyň ýok. Senem, bu ýigitlerem öz janlaryny indiki maksatlar üçin aýap saklamaly, nesil öndürmeli, ýurt üçin baş goýanlara derek merdana ogullary, namysjaň gyzlary ýetişdirmeli... Siziň halkyň öňündäki borjuňyz häzir ana, şol! Onsoňam... – Jandurmaz ahun oturan ýerinde arkan gaýşyp daş-töweregine göz aýlanda ýaşyp barýan Günüň şöhlesi düşüp gözüni ýaşartdy. – Onsoňam, bu garşylyk zerarly aýrysakal indi halkyň ýakasyndan ýapyşdy. Husussanam, ilen-çalanlaryňyzyň, obadaşlaryňyzyň, daşyna geçdi. Köpüsini ýygnady. Ol häzir olary girew saklaýar, ýöne, sen üstüne sürnüberseň onuň olary has ýowuz günlere salaýmagam ahmal. Üstesine, özüne tabyn bolan türkmen ýigitlerinden goşun düzüp üstüňe süräýerem daş däl. Şeýle adamlar tapylmazam öýtme, batyr. Döwürdir-düzgüniň üýtgemegi bilen adamlaram üýtgeýändirler. Dek düýnüň özünde duşman bolup, garşysyna göreşen adamlary bilen eýýäm, saçakly gatnaşyp ýörenleriň barmak basyp sanardan kändigini özüňem görüp dursuň. Olar eýýäm Orsyýediň raýatlygyny kabul etdiler, owsarlaryny şolaryň ellerine berdiler. Onsoňam aýrysakalyň seni bahanalap ir döwürden bäri gumda oturan çarwalara-da azar bermegi mümkin.

Ruhy batyr gözüniň gytagyny bir çetde aşak bakyp, çep eliniň aýasyny ýere diräp, sag eliniň süýem barmagy bilen aşagyndaky keçäniň gülüni dyrmalap oturan Enehakyda tarap aýlady. Enehakyda gyssagara näme diýjegini bilmän kösendi. Elbetde, onuň ýüregi Guşly batyryň göreşi dowam etdirmegini isleýärdi. Bu ýere gelende-de hut şol maksat bilen gelipdi. Ýöne, häzir welin aňy ony Jandurmaz ahunyň aýdanlaryna tarap çekýär. Çünki, bu göreşiň garaşylan netijäni bermejekdigi indi äşgär boldy. Soňky günlerde Enehakydaň özem bu barada az oýlanmaýardy. Guşly batyr bilen çynlakaý maslahatlaşmsk üçin kän gezekler çemeleşipdem, ýöne, hiç çemine salyp bilmändi. Ine, häzir welin şoňa maý döredi.

— Dek-düýnüň özünde: sen bir göreşi bes edäýme, diýip, duran halyma bu gün bes edäýsene senem şuny, diýmek maňa ölümdenem agyr, Ruhy, - diýip, ol kynlyk bilen, ýuwduna-ýuwduna dil açdy – Ýöne, aýtmanam durup biljek däl. Bu sözüň saňa agyr degjekdiginem bilýän. Menem ahun aga bilen pikirdeş. Çünki, ol boljak işi aýdýa. Üstesine-de aýrysakal şeýle namart pirime baş uran bolsa... Emma bu diýildigi saňa bar-da, duşmana boýun eg, atyňy-ýaragyňy tabşyr, ýeňileniňi boýnuňa al, diýildigi däl. Ony hiç kim saňa diýibem bilmez. Bu diňe: artykmaç hem netijesiz pidalardan el çek, diýildigidir. Ahun aganyň aýdyşy ýaly sen öz borjuňy berjaý etdiň, biz öz borjumyzy mundan buýana-da berjaý ederis. Ýeňilenimizi boýnumyza almarys. Biziň erkanalygymyz ugrundaky göreşimiz tä, ölýänçäk, şu guýunyň başynda ýüregimiziň töründe dowam eder. Ýöne, öz boýnumyza alan kynçylygymyzyň azaryny özümiz çekeli. Biziň odumyza özgeler ýanmasyn. Artykmaç pida bolmasyn.

— Men başda Garagumyň giňligine bil baglapdym... – diýip, Ruhy batyr Enehakydamy, Jandurmaz ahunamy ýa töwereginde oturan ýigitleremi , haýsyna degişlidigi belli bolmadyk äheňde söze başlady. – Gala synandan soň guma siňenleriň barysy gelip daşymyza üýşerler, Dykma serdar, Magtymguly han ýaly dolanyp gelmeklige söz beren adamlaram yzlaryna agyr goşun tirkäp gelerler, soň bize beýleki sebitlerdenem gelip goşulanlar bolar, tutuş ýurt boýunça galkynyş dörär, şeýlekin ägirt uly güýje öwrülibem öz garaşsyzlygymyzy gaýdyp alarys, bir bitewi döwlet dörederis, dünýä döwletleriniň arasynda bizem bir san bolarys, diýip, umyt etdim. Emma o diýenim bolmady. Maňa indi siziň maslahatyňyzy kabul edäýmekden başga alaç ýok. Üstesine biz zerarly halkam azar görjek bolsa... olaram ynjydyljak bolsa. Öz ýigitlerimiz üstümize sürüljek bolsa... birek-birege tarap ok atjak, birek-biregi gyrjak bolsak. – Ruhy batyr uludan demini aldy – Ýöne... Enehakyda hak aýdýar, bu biziň ýeňildigimiz ýa boýun egdigimiz däldir. Göreşi bütinleý bes etdigimizem däldir. Ol göreş biziň ömürýoldaşymyz bolar... – Batyr ýigit daş-töweregindäki ýüz-gözlerini çytyşyp, käbiri gum ýassanyp, käbiri dik oturan ýerinde özara, nägile sypatda, «hümi-sümi» edişip oturan nökerlerine tarap göz aýlady. – Şeýle-de bolsa bu barada meniň öz ýigitlerim bilenem maslahatlaşmagym, pikirlerini bilmegim gerek.

Jandurmaz ahun oturan ýerinde oýkanjyrady.

— Dogry aýdýaň batyr. Olar bilenem gürleş, pikirlerini bil.

Ýigitleriň arasynda tolgunşyk emele geldi. Tirsekleşip ýatanlar dikeldiler, dik oturanlar ör turdylar, aýak üzre duranlar «öwhüldeşip» aşak çökdüler. Böwediň agzyna gelen çişgin suw ýaly iki baka çaýkanyşdylar-da, birdenem agyzlaryndan ak köpük saçyşyp böwet üzre aşaklygyna tarap yňdylar.

— Ýok! Biz göreşi bes etmekçi däl!

— Gerek bolsa biz girew alnanlary boşadybam bileris.

— Janyňa ýakýamy diýäge-de özlerindenem girew alyp bileris.

— Hut şeýtmek gerek.

— Guşly batyr yza tesme!

— Beýtjek bolsaň öň bizi ýygnamaly däl ekeniň-dä!

— Juda bolmasa göreşi özümiz dowam etdiribereris!

— Serkerde-de taparys!

— Dogru-da walla!

— Päheý-dä, welin...

Şondan soň Jandurmaz ahun olar üçinem gürrüňçilik geçirmeli boldy. Köp zatlaryň başyny agyrtdy. Her hili tymsallar, öwrümler arkaly, juda kynlyk bilenem bolsa, her – hal edil «bolýa» diýdiribilmese-de garaz köşeşdirdi. Iň soňunda-da:

— Obaly – obaňyza baryň-da, maşgalalyňyz – maşgalaňyza goşulyň, maşgalasyzyňyz – maşgala ediniň, öý-işik boluň, nesil öndüriň, ajy däriniň ysyna derek yzgar topragyň ysyndan ganyň, gylyjyň dessesine derek iki gulakli piliň sapyndan tutuň, şu ýagdaýda şondan başga ýol ýok – diýdi.

Kükrekleri ýarylyp barýan hem bolsa, ýigitlerden ses çykmady. Olaryň barysynyň şeýdip, dymyp oturmaklaryny Jandurmaz ahun razylyk almaty hökmünde kabul etjeginem, narazylyk hökmünde kabul etjeginem bilmedi. Şeýle-de bolsa, hemmelere rowaçlyk, ak ýol diläp aýat okady. Täze parahat durmuşa pata berdi. Janlarynyň sag bolmagyny arzuw etdi.

Ýigitler şol bir agraslyklary bilen, ýüzlerini sallaşyp, sus halda dagaşdylar. Nijembir wagt bäri içinde ýatyp-turup ýören giň çalmarlarynyň içine girdiler. Biri-birleri bilen sözleşmäge-de rogwatlary ýok ýaly, ýerli-ýerlerine geçip süýndiler. Çäkmenleriniň syýnyny ýüzlerine çekdiler. Ýöne, uklap bilmediler. Bir eýlelerine, bir beýlelerine agdarylyşyp, gorsandylar ýatdylar, aram-aram «öwhüldeşip» galdylar-da, esli wagt böwürlerini diňleşip dik oturanlaryndan soň uludan demlerini alyp ýene-de çiňarkan gaýtdylar.

Ertesi guşlyk wagtlary Jandurmaz ahun ýanynyň adamlary bilen ýola düşdi. Ugramzyndan öň çalmara girip, henizem hersi bir çüňkde küçen ýaly eplenişip ýatan ýigitler bilen ýeke-ýeke hoşlaşdy. Öz sözüne pitiwa edip, beren akylyny alandyklary üçin minnetdarlyk bildirdi. Ýene bir gezek doga okady. Soň Enehakydanyň ýanyna bardy.

— Seniň aklyňam, sowadyňam meniňkiden kem däl, gyzym. Saňa nähili ýaşamalydygyny öwretmäne çakym ýok. Hukugymam ýok. Isleýşiňizçe ýaşaň. Islän ýeriňizde ýaşaň. Ýöne, mundan buýana gan dökülmesin. Meniň sizden etjek iň soňky haýyşym ine, şü. – Ol sözüni boldum eden ýaly şekilde haýallyk bilen aňyrsyna bakdy. Derrewem öwrüldi. – Howwa, ýene bir zat: çetýer-ow, diýäge-de çagalaryňyzy kör goýaýmaň. Hat-sowat öwrediň. Bildigiňizden öwrediň, galanynyň bir alajy bolar. Has zehinliräklerini oba iberiň. Soň gerek bolsa biz olary has uly medreselere-de iberiň bileris.

Ol Ruhy batyra-da şony aýtdy. Şeýdibem hoşlaşdy.

## 8. Ýigitler hoşlaşmak islemeýärler.

Ruhy batyr bilen Enehakyda ikisi myhmanlary esli ýere çenli ugratdylar. Guýa gaýdyp gelenlerinde çalmardan çykyşyp guýunyň daş-töwereginde ukuly gözlerini pökgerdişip köwejekleşip ýören ýigitler olary ýüzlerini ýerden asyşyp, sowuk

garşyladylar. Kese-kese bakyşdylar. Iki-ýeke eşidiler-eşidilmez «hüňňüldeşenlerem» boldy.

Ruhy batyr olaryň ýagdaýyna düşünip durdy. Şonuň üçinem sesini çykarmady. Hiç birinden gatam görmedi. Enehakyda-da gaty görmedi. Gaýtam şon deýin merdanadyklary üçin, söweşiň tamam boljakdygyny eşidenlerinden: «Häý, bolaýdy, şüý-ä» diýşip, ýerli-ýerden oba tarap jünäbermändikleri üçin guwandy. Watanperwerdiklerine buýsandy.

Ýöne, barybir olaryň ikisiniňem ýigitler bilen gürleşip ugurlary bolmady. Asyl gürleşjek bolsalaram olardan gaty bir ýüz tapmadylar. Haýsyna näme diýselerem belli bir jogap bermediler-de, düňderildiler ötägitdiler. Esli ýere barýança «hoňňuldaşdylar». Umuman, şol gün günuzyn guýunyň başynda tukat bir ümsümlik, suslyk höküm sürdi. Näme üçindir hemişeki häli-şindi hinlerinden çykyp, adamlaryň ýüzlerine jikgerişip, ýürege düşýän, sähelçe gondalaw tapdyklaram sümlüp gidýän alakalaram gara bermediler. Itler iki-baka ylgaşyp, çyňsaşyp ýa «waňkyrşyp» adamlary bizar etmediler, gaýtam hersi bir sazagyň düýbüne sümüldi-de, biri-birlerine tarap nazaram aýlaman, meýmireşdiler ýatdylar. Atlar näme, olar-a asylam adam ýaly syzgyr bolansoňlar, eýeleriniň perişan hallaryna duýgudaşlyk edýän ýaly duran-duran ýerlerinde, başlaryny aşak sallaşyp durdular, gapdallaryndan geçip barýandyklaryny görselerem eýelerine bakyp «hokranyşmadylar», aýaklary bilen ýer peşäp başlaryny atyşmadylar. Enehakydadyr Ruhy batyryňam biri-birleri bilen gürleşip ugurlary bolmady. Ikisiniňem gulagynda Jandurmaz ahunyň aýdan sözleri ýaňlanyp, gözleriniň öňünde ýigitleriň sus hem nägile keşpleri gaýmalaklady durdy.

Mahlasy, Hakguýunyň başyndaky yns-jyns janly-jandar ertirki günüň ara saljak aýralygynyň gaýgysy bilen ýaşady. Her kim öz öňünde garalyp duran gara dag gördi. Ol dag olaryň howuny basdy, howpurgatdy. Aýylganç düýş ýaly üstlerine abanyp duran şol gara güýji böwsüp geçer ýaly her kim Alladan özüne kuwwat diledi.

## 8. Ýigitler bilen hoşlaşyk.

Daňyň atmagy bilen guýunyň başynda gaýmalaşyk başlandy. Ruhy batyr öýkeden ýaňa henizem ýüzleri çaňjaryşyp duran ýigitlerini bir ýere jemledi.

– Siziň her biriňiz özüňiziň Ahalyň merdana hem batyr ogullaryndandygyňyzy subut etdiňiz. Men siziň hemmäňizi gahrymanlar diýip yglan edýärin. Siz şoňa mynasypsyňyz. Çünki, beren sözüňizde berk durduňyz. Ýöne, indi ýagdaý üýtgedi. Biz hoşlaşmaly, göreşi bes etmeli bolduk. Ýöne, bek belläň: siziň hemmäňiz ýeňilmediklersiňiz. Ine, hut şol belent ruhy hem siz indiki önüp-ösjekleriňize-de

geçirmelisiňiz. Ýetirmelisiňiz. Şeýtseňiz iru-giç ýurdy erkinlige çykarjak nesil siziň biliňizden öner. Ýene bir zat: özümiz aýrylyşanymyz bilen ýüreklerimiz aýrylyşýan däldir. Nirede bolsaňyzam men siziň bilendirin. Heran-haçan gerek bolsam meni şu ýerden, Hakguýunyň başyndan tapyp bilersiňiz. Egerde, siz maňa gerek bolsaňyz, men siziň islendigiňizi islendik ýerden taparyn.

Ruhy batyryň damagy doldy. Şonuň üçinenem, ol sözüni tamamlandygynyň alamaty hökmünde aşak bakyp bir ädim yza tesdi. Ýigitleriň hemmesiniň nazary häliden bäri onuň gapdalynda baýdak deý pasyrdap duran Enehakyda gönükdi. Her kim onuňam bir zat diýerine garaşdy. Muny Enehakydanyň özem duýdy. Ýaşa dolan gözlerini balkyldadyp durşuna ol erkek adam ýaly «pert-pert» hem merdemsi gürledi:

– Türkmen halkynyň başyna düşen pajygaly wakany gözüňiz bilen gördüňiz, başyňyzdan geçirdiňiz. Içinde gaýnap bişdiňiz. Nirede bolsaňyzam siz şony ýatdan çykarmaly dälsiňiz. Ruhy batyryň ýaňky aýdyşy ýaly, gören eşidenleriňizi bolşy-bolşy ýaly edip ogul-gyzlaryňyza, agtyk-çowluklaryňyza ýetirmelisiňiz. Öz gezeklerinde olaram şeýderler. Şeýlelikde, bolup geçen gyrgynçylygam, halkyň görkezen gahrymançylygam biziň nesillerimiziň ýadynda galar. Galaram hiç mahal ýadyndan çykmazam. Hakydalaryndan öçmez. Ruhlaryny pese gaçyrmaz. Şuny diňe siz – ýeňilmedikler başararsyňyz. – Enehakyda ýüzüne sylmak üçin aýalaryny goşalandyrdy. – Baryň, doganjyklarym, men sizi bir Allaha tabşyrdym. Heran-haçan hakyda diňläsiňiz gelse menem şu ýerden, Ruhy batyryň Hakguýudaky ojagynyň başyndan tapyp bilersiňiz...

Enehakyda ellerini ýüzüne syldy. Hemmelerem şeýtdiler. Agyr-agyr söweşlerde-de duşmanyň öňünde ejizlemedik batyr ýigitler şol wagt öz serkerdelerine, onuň ýan ýoldaşyna: «Hoş galyň», diýmäge-de göwrelerinde gurp tapmadylar. Bu ýagdaýy aňan Guşly batyr ýigitleri bilen ýeke-ýeke mähriban ata deý, dogan deý gujaklaşyp hoşlaşdy. Soňam gara öýüň gapdalyndaky gandymdyr-sazagyň şahalaryndan örüliý ýasalan ketegiň ýanyna bardy. Agzyny açdy. Elini sokup akja kepderisini çykardy. Bir alaňçak ýere çykybam elini ýokary göterdi. Aýasyny açdy. Guş uçdy. Käbir ýerlerinde tüýdüm-tüýdüm akja bulutlar gaýyşyp ýören arassa, gök asmanyň ýüzünde «alaşapyrdy» bolup oýnamaga, tans etmäge başlady.

Bu – hemişe bolşy ýaly söweşiň tamamlanandygyny aňladýardy. Ýöne, bu gezek onuň şu günlükçe däl-de, hemişelik tamamlanýandygyny Guşly batyram, Enehakyda-da, ýigitlerem ýagşy bilýärdiler. Şonuň üçinem olaryň hemmesi uzak wagtlap kepderiden gözlerini aýryp bilmän durdular. Olaryň öňünde iň soňky sapar tans edýändigili aňýan ýaly, kepderi hem şol gezek öňkülerine görä has köp hem uzak oýnady. Onuň baryp keteginiň üstüne gonmagy bilen ýigitleriň arasynda gymyldy, hereket emele geldi. Ruhy batyryň ýuwduna-ýuwduna, zoraýakdan, ýene

bir gezek «Hoş, onda, ýigitler...» diýmegi bilen,her kim atly-atyna tarap ugrady. Ýöne, ýüzugruna atlanyp gidibereni bolmady. Barysy edil, dilleşen ýaly kä ýere, kä asmana bakyp oýurganyşdylar durdylar. Ahyram ýüzlerini sallaşyp, göwünli-göwünsiz atlandylar we assa-ýuwaşdan Günbatara tarap rowana boldular.

Ýigitler üçin erkinligiň iň soňky Güni şol wagt öýländen agypdy. Ertir onuň baknalyk bilen dogjakdygyna ýasdan çykan ýaly ýüzlerini sallaşyp, Hakguýudan kem-kemden daşlaşyp barýan ýigitleriň hemmesiniňem gözi ýetýär. Ýöne, onuň näçe wagta çekjekdigini welin bilýän ýok. Şonuň üçinem olaryň barysynyň lapy keç. Ýeňlişden soňam ýeňilendiklerini boýunlaryna alman, şunça wagtlap duşmana garşylyk görkezip gelen ýigitleriň hiç biriniňem bu agyr ykbal bilen ylalaşasy gelenok.

Bu ýagdaý Durdy batyra hasam ýokuş degdi. Şeýle-de bolsa düýnki maslahatda-da ol syr bildirmezlige, köne dost hökmünde Guşly batyra ony goldamaga çalyşdy. «Bu zatlaryň barysy kysmatdyr hiç kimden görmäliň, maňlaýymyzdan göreliň», diýip ýigitlere-de göwünlik berdi. Ýöne, barybir onuňam göreşi bes edesiniň gelmeýändini bu aýralyga dişini berk gysmak bilen zordan döz gelýändigini Ruhy batyr duýupdy. Süňňi bilen syzypdy. Ýaňky hoşlaşyk pursatam ol Ruhy batyryň ýanyna telim gezek gelip, hemmesinde-de gepläbilmän, dodaklaryny titredip durupdy-da, elini silkip yzyna öwrülip gidipdi. Atlanandan soňam üç sapar dagy at başyny öwrüp Ruhy batyr bilen Enehakydanyň duran ýerine gelipdi we daşlaryndan aýlana-aýlana, ahyram ýekeje agyzam sözläbilmän atyny gamçylap ýoldaşlarynyň yzy bilen ümdüzine tutdurdy.

Ruhy batyr welin hüzir ýeke bir ony däl, eýsem, ähli ýigitlerem ýeke-ýeke ýatlaýar. Entek ýarymja günüňem geçmändigine garamazdan olaryň barysyny çyn ýüregi bilen küýseýär. Çalmaryň içine, ýigitleriň at daňýan ýerlerine, türgenleşik geçýän ýerlerine aýlanýar, sansyz ojaklaryň arasyndan geçýär. Ýeke olar däl,Hakguýunyň daş-töweregindäki iň bir ownuk zatjagazlar hem oňa ýap-ýaňyja hoşlaşyp giden ýigitlerini ýatladýar. Käbir ýerlerde dagy entek gurabam ýetişmedik at tezekleri bugaryşybam dur. Durdy batyryň toý güni bir ýerlerden tapyp getiren çalamydar dutary bolsa daş işikde, öýüň gamyşyna söýelgi dur. Ruhy batyryň dutar çalmaýandygyny bilse-de, ol ony goýup gidipdir. Dutara gözi düşenden Guşly batyryň ýüregi jigläp gitdi. Usullyk bilen ýöräp, ýanyna bardy. Emaý bilen eline aldy, eýlesine-beýlesine seretdi. Çöl şemaly jaýryklaryndan girip, kädisiniň içinde köwsarladam welin, dutardan «iňňildä» meňzeş ýürekgysgynç bir owaz çykdy. Soň «hüňňüldedi». Bu Ruhy batyryň ýüregini öňküdenem beter awatdy. Gam-gussasyny artdyrdy. Beýnisini sarsdyrdy.

Enehakyda bolsa guýynyň başyndaky gum gerişleriniň üstüne çykyp ýigitleriň giden ugruna garap otyr. Ol käte bir adamsyna tarap nazar aýlaýar içki aladalaryny

ýüregi bilen duýmakdan ýaňa oňa nebsi agyrýar. Ýanyna baryp göwünlik beresi, derdini paýlaşasy gelýär, emma näme üçindir ýerinden gozganyp bilenok, baraýanda-da näme diýjegini, nämeden söz açjagyny aňyna getirip bilenok. Çünki, bu wagt onuň öz halam adamsynyňkydan gowy däl. Erkinlik ugrundaky göreşiň bes edilmegi onuň maksadynyň öňüne böwet goýdy. Ähli umyt-arzuwlaryny ýele sowurdy. O-da edil Ruhy batyr ýaly, halkyň başyndan inen bu musallatyň, mundan buýana gün-güzeranyň nähili boljakdygy barada oýlanýar. Elden giden erkinligiň «ahyny» çekýär, kalbynda çuňňur çökgünlik yza duýýar. Baknalygyň gaty bir uzaga çekmejekdigine, bir ýerden bir ylahy güýjüň peýda bolup, ony ýene-de halkyň özüne dolap berjekdigine ynanasy gelýär. Ymgyr çöl içinde diňe adamsy bilen geçjek durmuşy göz öňüne getirjek bolýar. Hyýalynda ýanyna Baýramgül tebibi çagyrýar. Oňa-da gapdaljagazyndan öý dikip, öňküsi ýaly goňşy oturasy gelýär.

Ine-de Gün ýaşdy. Garaňky düşdi. Ruhy batyr agşam namazyny okamak üçin bolsa gerek, öýüne tarap ýöneldi.

Agşamlyk namazyny Enehakyda hem okamalydy. Şonuň üçin o-da kynlyk bilenem bolsa ýerinden turmaga hyýallandy. Edil şol wagtam günbatardaky gum gerişleriniň arasyndan bir ýylpyldy göründi. Soň ol ullakan oda öwrüldi. Kem-kemdenem köpeldi. Häliden bäri hut şoňa garaşyp oturan ýaly Enehakyda syçrap galdy-da, entegem öýe giribilmän daş işikde ýaýdanjyrap duran adamsyny ýanyna çagyrdy. Gelerine howlugyp, ylgaşlap aşak indi, öňünden çykdy. Elinden tutup ýene-de alaňa dyrmaşdy. Alyslardan elesläp görünýän sansyz alowlara tarap elini uzatdy.

— Oňa seret, Ruhy! Olara seret!

Ruhy batyr geň galdy. Esli wagt sdesini çykarman, gelniniň görkezen tarapyna seredip durdy. Ahyram:

— Bular bizi gözläp gelen soldatlardyr, kimdir biri bolýan ýerimizi salgy berendir. Golaý gelenlerini bilibem, ertir irden çozmak niýeti bilen düşländirler. Nökerlerimiziň dagandyklaryndan, urşy bes edendigimizden bolsa bihabardyrlar. – diýdi.

— Dogry, bihabardyrlar. Jandurmaz ahun entek o habary olara ýetirip ýetişen däldir. Ýöne, meniň pikirimçe, bular soldatlar bolmaly däl. Egerde şolar bolan bolsadylar, onda olar gün ýaşmanka biziň ýigitlerimize duşardylar. Garpyşardylar. Onsoňam olar biziň üstümize gelýän soldatlar bolsalar beýdip, gijäniň içi, edil alkymymyza gelip uçursyz köp ot ýakmazdylar. Asla-da ot ýakmazdylar. Özleriniň şeýle golaýa gelendiklerini beýle seresapsyzlyk bilen ňşgär etmezdiler.

— Onda kimlerdir öýdýäň?

— Meniň pikirimçe bular biziň öz ýigitlerimiz bolmaly.

— Öz ýigitlerimiz?

— Howwa, öz ýigitlerimiz.

— Beýle golaýda düşlejek bolsalar, onda, bu gijänem şu ýerde geçirip gidäýmeli ekenler-dä...

— Bu wagt olar guýunyň başyna-ha däl, tutuş Garaguma-da sygýan däldirler. Janlaryna jaý, özlerini urara ýer tapýan däldirler. Olaryň häzir oba-ha baraslary gelýän däldir, bu ýere gelýän ýoly bolsa biz ýapdyk. Üçünji bir ýoluňam haýsydygyny entek kesgitläp bilýän däldirler. Belki-de, şonuň maslahatyny edip oturandyrlar.

Ruhy batyryň inçesagat uzynak göwresi adaja ýel degen çynar ýaly çalaja yraň atyp gitdi.

— Eýle bolsa men olaryň ýanlaryna baraýyn, iň soňky gezek sözleşeýin, göwünlik bereýin, ýagdaýy ýene bir gezek düşündireýin, ýola salaýyn... Ugradaýyn...

— Menem bile gidäýeýin?..

— Ýok, sen gitme. Sen şu ýerde gal.

Hemişe bolşy ýaly, Enehakyda bu gezegem adamsyna iki aýtdyrmady. Onuň razylygyň alamaty hökmünde baş atanyny Guşly batyr garaňkyda görmese-de duýdy. Baryp atyny eýerledi. Atlandy. Diňe şondan soň, henizem yzyna düşüp ýören aýalynyň garaňka çala sudur bolup görünýän göwresine bakyp:

— Ýa ýeke özüň galmana gorkýaňmy? – diýdi.

Enehakydanyň sesi merdemsi çykdy.

— Ýok, gorkamok, arkaýyn gidiber.

Ruhy batyr atyny çalarak debsiledi. At öňe okduryldy. Sähelçe wagtdanam garaňka siňip gitdi.

Enehakyda ýene-de Aýsyz gijäniň garaňkysynda golaýda ýaly bolup görünýän sansyz-sajaksyz otlaryň ýylpyldysyna nazaryny dikdi. Ruhy batyryň ýigitler bilen näme hakda gürleşip biljekdigi barada oýlandy. «Elbetde, Jandurmaz ahunyň aýdanlaryny gaýtalar. Gidiň, obaňyza baryň, ekin ekiň, çil çekiň, däriniň ysyny unudyň, diýer», diýip öz ýanyndan pyşyrdady. Aşakdan bolsa Guşly batyryň kepderileriniň pessaýja «gummurdylary» eşidildi durdy. Ol ses şol wagt «jyrlawuklaryň» nireden gelýändigi belli bolmadyk inçejik hem ejizje, üznüksiz jyrryldysy» bilen garyşyp Enehakydanyň gulagyna şeýle bir hoş ýakdy welin, egerde gün ýaşaly bäri bir ýana ýitirim bolan saryala köpek bir ýerden peýda bolaga-da, «has-has» edip durşuna sop-sowujak temegini gulagyna degirmedik bolsady, onda öz pikirine gümra bolup oturan Enehakydanyň şol oturşyna ymyzganaýmagam ahmaldy. Köpek ilk-ä guýrugyny bulaýlap, ýüz-gözüni ýalymjyradyp, göwresini buruljyradyp Enehakydanyň ýüzüne seretdi, ondan hoş

söze, mylakata garaşdy, özüne üns berilmeýändigini aňansoňam: näme bar-a şo ýanda, diýýän ýaly boýnuny süýndirip ot ýanýan tarapa seretdi. Bir zat aňdymy ýa eýesiniň göwni üçinmi, çalarak çyňsady. Ahyram onuň gapdalynda süýndi-de, ýanyny ýere berdi ýatyberdi. Enehakyda ýene-de gözlerini içi ýylpyldydan doly tümlige dikdi.

Gijäniň ýarymdan agmagy bilen otlaryň gabaralary kiçelip başlady. Soň sany seýrekledi. Kem-kemdenem öçdi. Dünýe-älem gara perdä bürendi. Enehakydany ömründe ilkini gezek gorky basdy. Egerde gapdalynda saryala köpek bolmadyk bolsady, onda onuň «zöwwe» ýerinden galaga-da: «Ruhy-y-y! Sen nirede-e! Basymrak ge-el, men gorkýa-a-an!.. « diýip gygyrybermegi ýa onuň giden ugruna tarap ümdüzine tutdurybermegem juda ahmaldy.

Zulmat gyzaryberende günbatar tarapdan at aýagynyň ýumşak çäge basýan tutuksy sesi eşidildi. Başyny dyzyna goýup ýaňy bir irkiljiräp ugran Enehakyda syçrap ýerinden galandanam at burnuny «parryldatdy». Eýesi bilen deňine galan köpegem ses gelen tarapa üşerildi. Oňa çenlem atlynyň sudury saýgartdy. Ärini tanan ýaş gelin ylgap öňünden çykdy. Baryp atyny jylawlady. Onuň ýüzüni tutuksy görüp howpurgady. Gözlerini balkyldadyp:

— Şolar ekenimi? Sen olary gördüňmi? Gürleşdiňmi? – diýeninde elwan dodaklary «titir-titir» etdi.

Ruhy batyr atdan düşdi. Ýüzüni iki baka sypajakladyp durşuna gussaly gürledi.

— Howwa, şolar ekeni. Ýöne, men olar bilen gürleşip bilmedim.

— Näme üçin?

— Sebäbi, ýanlaryna baryp bilmedim.

— Näme üçin ahyry?

— Men olaryň ýüz-gözlerini iňňän tutuk gördüm-de, bir zaman bärde durup gürrüňlerini diňledim. Seniň diýşiň ýaly, özleriniň bu ýerden gitmeli bolandyklaryny, has beterem göreşi bes etmeli bolandyklaryny olar örän ýokuş görüpdirler. Çünki, olar: «Ruhy batyr ýeriň diregi däl, göreşi biz onsuzam dowam etdirip bileris, gylyjymyzy gynyna salmarys, bize goşuljaklar entegem köpdür...» – diýen ýaly gürrüňler etdiler. Ýanlaryna bardygym ýene-de özlerine baş bolmaklygymy towakga ederler, yrarlar öýdüp gorkdum. Çünki, maňa indi yza ýol ýok. Sebäbi, men Jandurmaz ahuna söz berdim. Lebiz etdim. Onuň aýdýanlary bilen bolsa senem razylaşdyň. Ine, şonuň üçinem, men olaryň ýanyna baryp bilmedim. Ogurlyk etjek ýaly buky ýerde durup hersi bilen aýry-aýrylykda, gaýybana hoşlaşdym. – Ruhy batyr atyny gazyga iltäp durşuna ahmyrly seslendi. – Dogrumy aýtsam baranyma puşman etdim. Ýöne... Oňa çenlem at ýatakaga ýetdiler. – Ruhy batyr öýe girdi. Iç işikde duran küýzeden bir susak suw içdi.

— Ýöne, olaryň indiki ykballarynyň nähili boljakdygyna welin akyl ýetirip bilemok.

Adamsynyň yzysüre öýe giren gelin gamgyn hem howlukmaç gürledi.

— Näme üçin beýtdiň, Ruhy. Sen olar bilen ýene bir gezek gürleşeýin, ýagdaýy ýene bir gezek düşündireýin, diýip gitdiň ahyry...

— Howwa, şeý diýip gitdim. Ýöne, men ony başarmadym.

— Olaryň özlerini oda urmaklary göni baryp ajalyň agzyna girmekleri mümkin ahyry.

— Bu hakda menem pikir etdim, ýöne...

— Oňarmansyň, Ruhy. Aýdyşyňa görä olar indi tä, gyrlyp gutarýançalar göreşi bes etmejege meňzeýärler.

— Hut şeýle şol.

— Durdy näme diýdi. Sen onuň aýdanlaryny eşitmediňmi?

— Ýok, eşitmedim. Ol sesini çykarmady. Şo-ol, aşak bakyp başyny ýaýkady oturdy.

— Onda bir zat edeli... – Enehakyda dodaklaryny ýalap howlukmaç gepledi. – Nemedeli... Derhal atlanaly-da, olaryň ýanyna gideli. Jandurmaz ahunyň öňünde beren sözlerini, ähti-peýmanlaryny orta ataly, garaz, raýlaryndan gaýtaraly. Özbaşdak hereket etmezliklerini towakga edeli. Ýogsam olar heläk bolarlar.

Ruhy batyr henizem sag elinde saklap duran agaç susagyny howada sallarlap aýalynyň ýüzüne seretdi.

— Dogrudanam şeýdäýsekmikäk?

— Başga alaç ýok, Ruhy. Özümizem, howlugaly. Sähelçe haýal-ýagallyk etsek amatly pursady elden gideräýmegimiz ahmal. Onuň öwezini bolsa soň hiç zat bilen dolup bolmaz.

— Ýör, onda, gitdik.

Edil şol wagtam daşardan at aýagynyň dükürdisi eşidildi. Guşly batyr susagyň sapyny tärimiň gözenegine gysdyrdy-da, bir bökende bosagadan daş çykdy. Guýunyň daş-töweregini gallaşyp duran atlylaryň dek düýnüň özünde özleri bilen hoşlaşyp giden ýigitlerdigine olaryň ikisem ynanmajak boldular. Ýigitleriň ýüzleri welin, dünkilerindenem agyr.

Enehakyda atylyp öňe çykdy-a uzak wagtlap görmedik hossarlaryna duşan ýaly, gollaryny giňden gerdi.

— Doganjyklarym-m!..

Ýekeje sözden ybarat, ýöne dünýe malyna degýän şol ses tamam bolmanka, ýigitleriň barysynyň ýüzi açyldy. Derrewem güpürdeşip atdan agdylar. Gelip, Enehakyda bilen däp boýunça, ýeke-ýeke, gol uzadyp, görüşdiler. Ruhy batyr bilen

bolsa hoşlaşandakylaryndan hem has yhlasly gujaklaşdylar. Soň atlaryny duşaklap örä goýberdiler-de, öňküje çalmarlarynyň aşagyna üýşdiler.

— Hany aýdyň, bu neneňsi ahwalat – diýip, şondan soň çalmaryň ortarasynda ýazylan gök palasyň üstünde Enehakyda bilen ýanaşyk oturan Ruhy batyr ýigitlere ýüzlendi. – Nä hyýala mündüňiz?

Ir wagtdan bäri gowy görşüp ýörensoň, az-kem sakawlaýandygyna garamazdan Ruhy batyr bilen gürleşmegi, düşünişmegi ýigitler şoňa öňünden tabşyran bolsalar gerek, ýoldaşlary ýerli-ýerden özüne tarap üşerileşenden, Durdy batyr özüne mahsus bolan çakganlyk bilen bütin göwresini herekete getirdi-de:

— Biz agşam o-ojarly oýda düşledik – diýip, söze başlady. Ruhy batyr şol dem tasdanam: «bilýän, bilýän» diýip gygyrypdy. Emma saklandy. Durdy batyr dowam etdi. — Uzynly gije ma-aslahat etdik. Daň agayberende-de şeýle netijä geldik: — Ol Ruhy batyra tarap çiňerildi. Şol tarapa zarp bilen sag goluny uzatdy. Süýem barmagyny çommaltdy. Bir salym dodaklaryny titredip, eňegini mürşeýdip durandan soň: — Sen düýn bize: «Siziň h-hemmäňiz ýeňilmediklersiňiz» diýdiň... – Durdy batyr gözlerini çerreltdi. – D-Diýdiň gerek?

Ruhy batyr köp garaşdyrmady.

— Howwa, diýdim.

— Diýen bolsaň indi şeýle: Biz häzir o-oba bardygymyz, islesek-islemesek at-ýa-ýaraglarymyzy tabşyrmaly bolarys. Tabşyrmajak bolsagam t-tabşyrdarlar. Orsyýediň raýatlygynam, öz kada-kanunlarynam boýnumyza dakarlar. Şol zatlardan soň ýeňilmedikler hökmünde bizde näme galýar? Hiç zat. Bu biziňem ýeňilendigimizi gürrüňsiz boýun aldygymyz bolar. Biziň bolsa s-siziň bilen bir hatarda, ýeňilmedikleriň hatarynda, ýeňijilerden üzňelikde bolasymyz gelýär. – Durdy batyr aýtjak sözüni wagtynda aýdybilmedik pursaty edişi ýaly, ellerini başly-barat hereketlendirdi. – S-s-sen bizi ýeňilenleriň arasyna iberip h-h... h-h... h-hata iş etdiň. B-b-biziň hemmňmiziň ykbalymyz bir. Bir ýerde hem bolmagymyz gerek. Bir gün bile bolup, ýene bir gün aýrylyşmak b-bize ýaraşmaz. I-ine, hut şonuň üçinem biz m-m-mynda geldik. Egerde, sen kabul e-etmeseňem, biz başga bir taşlantgy guýy taparys-da, şonuň başynda b-b-bolubereris. Täzesini gazmana-da ýaltanyp durmarys. Gerek bolsa onusynam gazarys. Mal-gara-da edineris, güzeranymyzam göreris. Ýöne, erkinligimizi elden gidermeris. Basybalyjylara bakna bolmarys.

Düýnki suslugyndan indi birneme açylyşyberen Ruhy batyr ýigitleriň ýüzüne ýeke-ýeke garady.

— Garaz, siz niýetiňiz gumdan çykmazlyga düwüpsiňiz-dä...

— H-h-howa, biz niýetimizi şoňa düwdük... – diýip, Durdy batyr sag aýagy bilen ýer depdi. – Biziň indiki g-galamyz şü. Garagum! Ata-babalarymyzy ençeme b-

belalardan goran bu çöl bizem gorar. Biz bolsa, kim bilýär, birdenkä gerek bolaýan ýagdaýynda d-duşmanyň garşysyna galkynar ýaly taýyn g-güýç bolup durarys. Baky baknalyk bolsa Enehakydanyň aýdyşy ýaly taryhda öňem bolmandyr, belki, indem b-bolmaýady-da, — Durdy batyr uludan demini aldy. — Indi bolsa s-söz senden, Ruhy batyr. Has takygy, Enehakyda ikiňizden. Siz näme diýseňiz ş-şol bolar. Galyň diýseňiz-ä şu ýerde galýas, g-gidiň diýseňizem häziriň özünde beýleki guýularyň birine tarap g-göterilýäs...

Ruhy batyr inçejik, owadan murtuny sag eliniň süýem barmagynyň ujy bilen o ýan, bu ýan sypalady.

— Be-e... Nätsekkäk janlarym – diýende, sesinde igenç ýa nägilelik däl-de, begenç, guwanç duýgulary duýuldy. Düýnden bäri ilkinji gezek ýylgyrdy. – O diýeniňizem-ä bolman durmaz welin, ýene bir zat bar. Siz indi öý-işigem bolmaly, nesilem öndürmeli... Galan ömrüňizi köne guýunyň başynda müjerret geçiribem-ä bilmersiňiz.

— Onda nädeliň diýseňizläň – diýip, ara düşen böwşeňlikden peüdalanyp Enehakyda söze goşuldy. – Ruhy batyryň aýdyşy ýaly bu ýerde gum ýassanyp ýatsaňyz hasylsyz agaja dönersiňiz. Şonuň üçinem, belli bir bölegiňiziň-ä şu ýerde bize goňşy bolup galmagyňyz, galanlaryňyzyňam böleklere bölünişip, gum içindäki guýulara dargamagyňyz, şol ýerde ýurt tutunmagyňyz, öý-ojak edinmegiňiz, maşgala bolmagyňyz gerek. Şeýtseňiz öňi bilen-ä ine, hä diýmän, Garagumyň gerişleriniň arasynda ýeňilmedikleriň birgiden obalary, sanlyja ýyldanam tutuş bir täze nesli, emele geler. Türkmeniň içinde size höwes bilen gyz, gelin berjekler bolsa az dälmikä diýýän. Gumlularyň size garap gaş çytmajakdyklaryna bolsa men ynanýan. Olar bize gala urşunda arka durdular, bu günem arka durarlar. Ýükürgenmezler. – Ol başyny dik tutup ýigitlere hyjuwly garady. Az-kem sesini gataltdy. – Şu söz makulmy?

Ýigitler oturan ýerlerinden gobsunyşdylar. Oňa-da kanagat etmän ör turdular. Telpeklerini ellerine alyp howada galgatdylar.

— Makul!

— Rast söz!

— Biz razy!

— Aýrylyşmasak bolýa!

— Bar-da, duşmana boýun eg, ýaragyňy tabşyr diýmeseňiz bolýa...

Şol gün olar günuzyn kimiň kim bilen, nirä gitmelidigi baradaky meseläniň üstünde kelle döwdüler. Ýigitleriň ýigrimä golaýy Hakguýuda, Guşly batyryň ýanynda galarman boldy. Olaryň arasynda elbetde, Durdy batyram bar. Galanlaram barjak guýularynyň suw mümkinçiliklerine görä ondan-onbäşden, käbirleri ýigrimiden, otuzdan bölünişdiler.

Garagumyň içi elbetde, hiç haçanam adamsyz bolmandy, häzirem boş däl. Hatda suw ýetmezçiligi zerarly ir döwür guma gaýdan mülkamandyr-bogaja tirelerinden öňem tekeler Merkezi Garagumyň üsti bilen Eýran tarapdan ýagy goýbermezlik barada Hywa hanlary, hatda Horezm şalary bilenem şertnama baglaşyp «zastawa» hökmünde oturypdyrlar we bu ýagdaý tä, Sarahsda Gowşut han tarapyndan Hywa hany Mädemin han öldürilip onuň hanlygy, syndyrylýança dowam edipdi. Ana, şol döwür serhet hökmünde ulanylan guýularyň hetdi-hasaby ýok. Olaryň köpüsi göçüp gidenem bolsalar, entek ýaşap oturanlary hem ýok däl. Guşly batyr häzir ana, şolar barada aýdýar. Olaryň ýeňilmediklere doganlyk goluny uzatjakdyklaryna, goltgy berjekdiklerine ynanýar.

Bu hakykatdanam şeýle boldy. Ýeňilmedikleriň barysy guma siňdi. Şeýdip, Garaguma täzeden jan girdi. Güne göýdük bolan guraksy damarlarynyň içinde gan aýlanyp başlady.

## 9. Hakguýudakylar bar zatdan habarly.

Ýeňilmedikleriň dabarasy Ahal iliniň ähli ýerine ýaýrady. Olar barada her dürli rowaýatlar ýaýarady. Şonuň il-gün üçin iň ýakymlysy Ruhy batyryň gum içinde ummasyz köp goşun ýygnaüandygy, iň soňunda patyşa goşunlarynyň üstüne çozup, gelmişekleriň ählisini ýurtdan kowup çykarjakdygy, türkmen topragyna erkinlik äberjekdigi baradaky rowaýatdy. Oňa ynanýanam bardy, ynanmaýanam. Ýöne, her niçik hem bolsa ynanýan kändi. Iň bolmanda her kimiň şol habara ynanasy gelýärdi. Şonuň çyn bolup çykmagyny isleýärdi. Bu – halkyň islegidi, arzuňydy. Çünki, at-ýaragyny tabşyranlaryň arasynda-da ýüreginiň töründe bir ýerde ýeňilendigini boýnuna almadyk, haçanam bolsa bir gün öňki erkinligine eýe bolmak umydyny elden bermedik kändi. Asla ähli halkyň ýüreginde şoldy. Şonuň üçinem, täze dörän gumlulara ýerli-ýerden huruşlyk ownuk mal azaldyr, künde şolara goşar ýaly öküz, düýe, aş gatyklar ýaly saglyk sygyr kömeginem etdiler. Enehakydanyň aýdyşy ýaly olaryň öý-işik, maşgala meselelerem gaty bir müşgil bolmady. Tanyş-biliş, garyndaşlyk, halkyň il ogullaryna bolan söýgüsi öz wezipesini berjaý etdi. Gapdalynyň ak öýi, maly-garasy, goş-golamy bilen gyz berenlerem boldy. Bu meselede hususan-da gumda ir döwürden bäri oturan barly adamlar erjellik görkezdiler. Ýarpasyna bakyp bererleri ýaly üstlerine bir bölek, ýarym bölek goýun sürenlerem boldy.

Umuman halk özi üçin janlaryny orta goýup, ýagy bilen iň soňky pursata çenli göreşen ýigitleriň gadryny bildi. Özlerini gowy tutýançalar çöl içine ogryn-dogryn azygam daşadylar, iýmişden-geýimdenem hor etmediler. Ýeňilmediklerem öňki gumlular ýaly söwda-satyk gatnaşyklaryny esasan Daşhowuz taraplary bilen ýola goýdular.

Şeýlelikde, öý-işik, maşgala bolmaga-da, nesil öndürmäge-de, ekin-ekip hasyl almaga-da mal köpeltmäge-de olaryň hemmesi üçinem doly mümkinçilik döredi. Garyndaşlyk gatnaşyklary ygtybarlyy bolansoň, ýurt içinde bolup geçýän wakalaram, täzeliklerem gum içinde dörän täze obalara birsydyrgyn geldi durdy.

Habarlar welin dürli dürlidi. Biri-birinden ýakymsyzdy. Mysal üçin, gyrgynçylyk ýylynyň tomsunda Dykma serdar, Magtymguly han ýaly birtopar türkmen ekabyrlarynyň Peterburga, ak patyşanyň huzuryna salama gidendikleri, Dykma serdaryň on ýaşly ogly Orazy ak patyşa «ogullyk» goýup gaýdandygy, baranlaryň hemmesiniň ors hökümeti tarapyndan dürli derejedäki harby çinler, gymmatbahaly serpaýlar bilen sylaglanandyklary hakyndaky habar gelip gowuşdy. Mämmetoraz şeýtmek bilen ak patyşa özüniň türkmenler babatda, gowy syýasat alyp barjakdygyny subut etmek isleýärmişin. Munuň şeýledigine asyl han-begler eýýäm ynanypdyrlaram. Şolaryň içinde iň yhlaslysam eşidilişine görä Magtymguly hanmyşyn. Ol Tejen uýezdiniň başlygy wezipesine bellenipmişin. Özem Marynyň Orsyýede hiç hili garşylyksyz birikdirilmegi üçin elinde baryny edýärmişin. Şol mesele boýunça Mary hany Güljemal han bilen birsyhly gepleşikler alyp barýarmyşyn. Bu meselede Dykma SERDFARAM Magtymguly handan gaýra durmaýarmyş. Gulbatyr serdaram ýer-suw boýunçamy, nämemi, bir toparyň-a agzasymyşyn. Başga-da köp adam täze baýarlaryň gullugyndamyşyn, hyzmatlaryny edýärmişin.

Ýeňilmedikleriň ýüreklerinde dag goýan ýakymsyz habarlaryň ýene biri gum içine Gökdepe galasynyň synan ýylynyň aýaklaryna ýaýrady. Ol habarda türkmenleriň özlerine sala salmazdan, türkmen topragynyň esli böleginiň Eýran hem-de ors hökümedi tarapyndan bölüşilendigi, Etrek derýasyndan ilerisiniň, hususan-da Türkmensähranyň, Gürgeniň Eýrana düşendigi, köp sanly türkmenleriň, şolar bilen birlikde külli türkmeniň söýgüli şahyry, beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň we onuň kakasy Döwletmämmet Azadynyň mazarlarynyň-da şol ýerde galandygy, asla indi öňki ýaly Ahal, Arkaç, Kesearkaç, Etek diýen ýaly ata-baba türkmeniňkidigini aňladýan ýer-ýurt aňlatmalarynyň ulanylmaýandygy, ors diwanyndaky resmi hatlarda bolsa, külli türkmen topragynyň «Kaspiniň aňyrsyndaky oblast» diýlip atlandyrylýandygy barada aýdylýardy.

Şeýle hem ähli kazylyk işlerine ors baýarlarynyň seredýändigi, diwan işleriniň ak patyşanyň kada-kanunlary esasynda alnyp barylýandygy, häki bir göz üçin goýlan

ýerli kazylaryň bolsa öz baýarlaryna ýaranmak üçin, halka olaryň özlerindenem has zabun daraýandyklary, sähelçe günä üçinem agyr jezalar berýändikleri, käte olaryň berýän jezalary üçin utanyp orslaryň özleriniň şol jezany ýumşadýandyklary barada ýangynly gürrüňler eşidilýärdi.

Şolar ýaly habarlar Ruhy batyra-da, Enehakyda-da, umuman, gum içinde mesgen tutan ýeňilmedikleriň ählisine-de iňňän ýokuş degýärdi. Çünki, bu indi ýurduň ymykly elden gidendigini, mertleriň namart, namartlaryň mert bolandyklaryny, ähli umyt-arzuwlarynyň puja çykandygyny, halkyň indi hiç haçan göreşe galkynmajakdygyny aňladýardy. Şonda olaryň bir ýere, hususanda Ruhy batyryňka üýşüp, gelip ýeten habarlar, bolup geçýän wakalar barada pikir alyşmakdan, maslahatlaşmakdan, mundan bu ýana nämeleriň bolup biljekdigi barada oýlanyşmakdan başga alaçlary bolmaýardy.

Üýşmeleňler käte has uly we giň möçbere eýe bolýardy. Oňa ähli guýulardan gelýärdiler. Şonda gürrüňçiligiň soňy hökman Enehakydanyň aýdyp berýän hakydalary bilen tamamlanýardy.

— Hiç zat täzedenem döränok, ýitibem gidenok. Diňe bir görnüşden başga bir görnüşe geçýär – diýip, şolar ýaly üýşmeleňleriň birinde Enehakyda aýtdy – Onsoňam, adamzat hiç haçan özüniň öňki ýalňyşlyklaryny gelejek üçin sapak edinmeýär. Egerde, edinýän bolsady, onda bu gyrgynçylyklaryň tozgunçylyklaryň, basybalyjylykly ýörüşleriň birem bolmazdy. Sebäbi, basybalyjylaryň döreden giň hem uly döwletleriniň henize çenli synman, dargaman galany ýok. Orsyýediňkem şeýle bolar. Bu gutulgysyz zat. Ýöne, munuň üçin biziň ähli türkmenler bolup bir döwlet döretmelidigimizi hiç haçan unutmazlygymyz gerek. Iru-giç bizi bu baknalykdan alyp çykjak zat ana, şoldur.

Şondan soň Enehakyda türkmenler üçin döwlet bolmaklygyň gaty bir ýat zat däldigi, olaryň ir döwür özleriniňem ençeme döwletler gurandyklary köp-köp ýurtlary basyp alyp, uly imperiýalar dörededendiklerini ýöne, agzalalyk zerarly şol döwletleriň ählisiniňem ýeke-ýeke synandyklary barada gürrüň berdi. Şonda ol hususan-da, baryp-ha miladynyň bäşinji, ýedinji asyrlarynda dörän, başynda türkmenleriň ata-babalary bolan oguzlar duran gündogar hem günbatar türk hanlyklary, olaryň mongol, hytaý sebitlerinde, Sibir töwereklerinde eden gahrymançylykly hereketleri soň olaryň öz döwletlerini öz agzalalyklary zerarly syndyryşlary barada rowaýat etdi. Şonuň bir ýerinde ol şol döwrüň iň uly hanlarynyň birini gepledip: «Eý, türki halkym! Hiý, seni daşyňdan gelip dargadan adam boldumy? Ýat biri gelip döwletiňi ýykdymy? Hemmesine seniň öz agzalalygyň sebäp boldy ahyry» diýdi.

Bu gürrüň diňleýjilere iňňän güýçli täsir etdi.

— Şol han dogry aýdypdyr. – diýip, Durdy batyr şonda özüniň sakawlygynam unudan ýaly köstsüz gepledi. – Ähli türkmenler bolup bilelikde göreşen bolsadyk, onda orslar bizi şu gezegem alyp bilmezdiler. Diýmek, ata-babalarymyzyň döwletini ençeme gezek dargadan agzalalyk şu günki günem öz güýjünde doly işleýär.

— Howwa, işleýär... – Enehakyda Durdy batyra gussaly seretdi. – Ýöne, biz ýeke bir ata-babalarymyzy şo günlere salan agzalalyk barada däl-de, eýsem, olaryň şonça döwletleri gurmagyna ýardam eden agzybirlikleri barada hem oýlanmalydyrys. Olaryň iň gowy taraplaryny sapak edinmelidiris. Şol agzybirlik uzak bolmadyk gelejekde biziňem dadymyza ýetişer. Biz ine, şol umyt bilen ýaşamalydyrys...

Enehakydanyň sözüni tamamlaryna mähetdel, şol gezek gumlularyň barysy birden uludan, sowuk-sowuk dem aldylar. Başlaryny ýaýkap «öwhüldeşenlerem» boldy. Olar assa-ýuwaşdan, ýerlerinden turdular, seslerini çykarman, biri-birleri bile ümsüm halda hoşlaşdylar.

Şolar ýaly ynjyk gürrüňçilikleriň ýene birem 1884-nji ýylda, Marynyň Orsyýede uruşsyz birigendigi baradaky habaryň gum içine ýaýran pursaty bolup geçdi. Ol habar halkara syýasatynda Orsyýet bilen Angliýanyň arasyndaky onlarça ýyl bäri türkmen topragy üçin barýan bilniksiz göreşiň ahyrsoňunda Orsyýediň peýdasyna çözülendigini, ýeňilmedikler üçin bolsa indi külli türkmen topragynyň tutuşlygyna elden gidendigini aňladýardy. Şonuň üçinem, olar bu gezek öňküdenem has sus halda Hakguýa ýygnandylar. Bolan waka barada biri-birleri bilen sowuklaç pikir alyşdylar. Soňra soragly nazarlaryny Ruhy batyra tarap dikdiler. Onuň bir zat diýerine garaşdylar.

— Biz bu barada siz gelmeziňizden öňem Enehakyda bilen maslahatlaşdyk. Gelen pikirimizi ol size mendenem has aýdyň görnüşde aýdyp berer – diýip, Ruhy batyr sözi şoňa geçirýändigini aňladýan manyda häliden bäri gabarylyp duran garnyny myhmanlardan gizlemekçi bolýan ýaly bir gapdala burlup, ýanyn oturan gelnine seretdi.

Enehakyda oturan ýerinde çalaja gozganjyrady. Çalaragam ardynjyrady.

— Hernäçe gynansagam, urşuň netijesizdigini gala söweşi görkezdi. Başda uruşmazlygy, ant içmezligi, Kurandan ätlemezligi teklip eden adamlaryň aýdanlary dogry bolup çykdy. Mary ýaşulylarynyňam, Güljemal hanyňam şol zatlary sapak edinip şol ýoly saýlap alandyklaryna men ynanýan. Bu gorkaklyk ýa namartlyk däl-de, göze görnüp gelýän ajalyň agzyndan sypmaklygyň, iki belanyň has bähbitlirägini saýlap almalygyň täri. Ilki ant içip, ýeňilenlerinden soňam duşmana gulluga duran adamlaram başda şu ýoly saýlap alan bolsadylar, onda halkam gyrylmazdy, bular ýaly masgaraçylygam bolmazdy. Şonuň üçinem, biz Mary

ilatyny günäkärläp bilmeris. Oňa hakymyzam ýok. Ýöne, barybir olaryň arasynda-da ýüregleriniň töründe şol syýasat bilen ylalaşmaýanlaryň, baknalygyň mejburydygyny jan-tenleri bilen duýýanlaryň, ony boýnuna almaýanlaryň, mahlasy, özüňiz ýaly ýeňilmedikleriň, erkin durmuşyň haçanam bolsa bir gün geljekdigine ynanýanlaryň, onuň gelerine uly umyt bilen garaşýanlaryň kändigine men şübhelenemok. Biziň garaşýan arzyly günümiziň geljekdiginem duýýan. Şonda sizem, olaram, hazarýaka, hywa, buhara türkmenlerem bir ýere birigeris, bir güjje öwrüleris, şeýdibem maksadymyza ýeteris. Esasy zat ana, şol! Ähli türkmen halkynyň kalbynda ýatan arzuw-islegleriniň birligi. Hemmesiniňem şoňa ymtylýanlygy. Baknalyga kaýyl bolman, arzyly günüň gelerine garaşýan adamlaryň köplügi.

Enehakydanyň bu sözleri köp wagtdan bäri sus gezip ýören ýigitleriň ýüreklerine az-kem teselli berdi. Göwünlerine giňlik saldy. Geljege bolan umytlaryny artdyrdy. Galkyndyrdy. Hyjuwlandyrdy. Munuň hakykatdanda şeýledigini Ruhy batyr olaryň özi bilenem, biri-birleri, bilenem öňki gezekdäkilerine görä has açyk ýüz bilen hoşlaşandyklaryndanam aňdy. Öz gürrüňleri bilen olary şeýlekin hoş hala salandygy üçin, Enehakydadan hoşal boldy.

Marynyň ors raýatlygyny meýletin kabul etmegi netijesinde Ýolöten, Pendi sebitlerinde oturan saryklaryňam, Eýranyň Zurabat diýen ýeri bilen gadymky öz oturymly ýerleri bolan Sarahs, Mary aralygynda ençeme ýyl bäri enäp-tenäp ýören az sanly salyrlaryňam ykbaly çözüldi.

Durmuş welin, dowam edip gidip otyr. Her niçik hem bolsa onuň, bagtyýar günlerem bolman duranok. Az sanly şol süýji günler käte ýeňilmedikleriň has uly aladalarynam serlerinden çykaryp goýberýär. Köşeşdirýär.

Ruhy batyr bilen Enehakyda babatda hem şeýle boldy.

Myhmanlar soňky gezek gelip gidenlerinden bir aý gowrak soň, ýagny, 1884-nji ýylyň bahar aýlarynyň başlarynda, gije ýarymdan agyberende Enehakyda gyssanyp başlady. Hernäçe azar bermejek bolsa-da, ahyry ärini turuzmaly, oňa ýagdaýyny aýtmaly boldy.

Entek ukudan doly açylyp ýetişmedik Ruhy batyr birbada gelniniň «gyssanýan» sözüne düşünmedi. Düşünenden soň bolsa:

— Aý, ýog-a... – diýip, edil çaga ýaly birgeňsi ýylgyrdy. – Çynyňmy?

Enehakyda çalaja ýylgyrdy. Dodagyny dişläp aşak bakdy.

Ruhy batyr ýerinden turdy. Näme üçin beýdýändigini özi-de bilmezden gapy bilen gelniniň arasynda ençeme gezek gatnady. Ahyram içini tutup buruljyrap oturan gelniniň üstüne abandy.

— Bu jelegaýlarda kempir-sempir-ä ýokdur welin, men onda goňşy gelinleriň birini alyp geleýin...

Enehakyda ärine tarap owsun atdy. Gör indi näçenji gezekdir, ýüzüni ynjyly çytdy.

– Näzigi çagyraý.

Näzik Durdy batyryň gelni. Ol goňşy guýularyň birinde ir döwürden bäri oturan mally-döwletli adam hasaplanýan Hantöreli aganyň gyzy. Durdy batyr ony gowy görýär. Ondan on-oniki ýaş kiçidigine garamazdan gelnem ony juda eý görýär.

Ruhy batyr howul-hara geýindi. Bosagadan böküp diýen ýaly daş çykdy. Hataryň ortarasynda, Durdy batyrlara tarap delmuryp durşuna ýüreginiň töründe henize çenli özüne mälim bolmadyk, üýtgeşik bir süýjülik duýdy. Ol duýgy ine-ine dünýä injek çaga bolan atalyk duýgusymy ýa çaga dogurmak, ene bolmak ýaly kyn hem mukaddes pursatyň öňünde duran ýanýoldaşyna bolan duýgudaşlyk duýgusymy, ýa şolaryň ikisemmi, ol ony gyssagara bilip bilmedi.

Mahlasy, şol gün uly iliň guwanjy, buýsanjy arka daýanjy bolan Ruhy batyra Enehakyda ogul dogrup berdi. Ol – ene, Ruhy batyr – ata boldy. Olar toý tutdylar. Toý birnäçe günläp dowam etdi. Oňa ýeke bir Garagumyň dürli künjeklerinden, ähli guýularyndan däl, eýsem uzakdaky obalardanam, Gökdepedenem gelenler boldy.

Ähli umyt-arzuwlarymyz hasyl bolsun diýip, ýaş ene-ata çagalarynyň adyna Umyt goýdular.

«Iki aýakly iki günde» diýleni. Hä diýmän Umytjygyň gözi gara düşdi. Soň oturdy. Emedekledi. Ör turdy. Ýöredi. Dil açdy. Özüniň şadyýan «jedirdisi» bilen ata-enesiniň göwnüni göterdi. Gam-gussasyny egisdi.

Ýedi ýaşyndan soň Enehakyda oňa hat-sowat öwredip başlady. On ýaşdan soň öz ata-enesinden öwrenen hakydasyny öwretdi. Gökdepe galasynda bolup geçen pajygaly wakalaram jikme-jik gürrüň berdi. Gumlularyň taryhyny aýdyp bermekligem ýadyndan çykarmady.

Şeýdip on sekiz bahar geçdi. Umyt eginleri terezilenip duran, kakasy ýaly uzynak, at ýüzli, ers-mers, ýigit bolup ýetişdi. Ony ilkinji gezek görenlerem Ruhy batyryň ogludygyny soraman tanadylar. Enehakydadan bolsa oňa sary meňizlik, goýun göz, dilewarlyk geçdi. Ol ýeke bir hakyda däl, goňşy-golamlarynyň içindäki, goňşy guýulardaky aýdyjy-sazandalardan aýdym aýtmany, dutar çalmanam öwrendi. Toýlarda göreşem tutdy. Bagşy hökmünde-de, pälwan hökmünde-de ady ile ýaýrady. Ýigrimi ýaşyna ýetende bolsa Ruhy batyr oňa gumlularyň abraýly adamlarynyň biriniň Dünýä atly gyzyny alyp berdi. Üç ýyldan soň Umydyň gyzy boldy. Uly iliň arzuwy hasyl bolsun diýip, adyna Arzuw goýdular. Onuň doglan

senesi milady hasaby boýunça 1903-nji ýylyň güýz paslynyň ortaky aýyna gabat geldi.

Şu döwrüň içinde çaga, ýeke bir Ruhy batyryň çatmasynda däl, gumlularyň ählisinde-de yzly-yzyna boldy durdy.

Şeýdip, ýeňilmedikleriň täze nesli döräp başlady.

Gökdepe söweşiniň tamamlananyna ýigrimi ýyldan-da gowrak wagt geçdi. Onuň ýüreklere salan ýarasy welin entegem köşeşenok. Ol birsyhly awap dur. Dogry, Jandurmaz ahunyň ara düşen pursadyndan soň ors baýarlaryndan Guşly batyry aňtap, Garaguma goşun çekip gelen bolmady. Aýrysakal-a işini bitirenden soň uzak eglenmän Orsyýede gitdi, daş gulakdan eşidilşine görä ol şo ýerde, Orsyýediň şäherleriniň birinde ölüpmi ýa öldürilipmi, garaz Hudaýyndan tapypdyr, Gökdepe galasynda gyrlan bigünä adamlaryň ahy tutupdyr, onuň ýerine gelenlerem özlerine garşylyk görkezmän, gum içinde itenek-çomanak öz güzeranlaryny özleri dolap ýören adamlaryň üstüne sürünjegem bolmadylar. Olar esasan, türkmen ülkesinde ak patyşanyň tertip-düzgünlerini ornaşdyrmak bilen boldular.

Gumlular welin gitdigiçe köpeldiler. Umyt bilen deň-duş oglanlaryň hemmesi ýigit çykdy, gyzlar ýetişdi, öz gezeklerinde olaram öý-işik düzetdiler. Nesil öndürdiler.

Enehakydanyň hakydasy ýeke bir öz çagalaryna däl, eýsem gumlularyň ählisine-de geçdi. Jandurmaz ahunyň aýdyp gidişi ýaly gumlular öz çagalaryny bolşuna görä hat-sowadam öwretdiler. Ol borjy Hakguýuda ilki Enehakydanyň özi, soň Umyt ýerine ýetiren bolsa, beýleki guýularda-da çagalara hat-sowat öwredibiljek adam tapyldy.

Erkinlik getirjek arzyly gün welin ýeňilmediklerden barha daşlaşýan ýaly. Ak patyşa ýeke bir türkmen topragynda däl, eýsem külli Türküstanda ymykly kök urdy. Uzatsa islän ýerine ýetýän goluny sähelçe giňden aýladygy, imperiýanyň göm-gök dyrnakly, bogunlary sap-sary gyldan doly uzyn barmaklarynyň ençeme ýyl bäri Garagumyň jümmüşinde mekan tutan ýeňilmedikleriň horaşaja külbeleriniň serpigini sypyryp taşlajakdygy indi köre hasa mälim boldy. Barmaklaryny ýumdygam ol gumlularyň barysyny gysymyna gysar. Şoňa hiç-hili şek-şübhe ýok. Muňa hemmelerden öňürti ýeňilmedikleriň özleri düşündiler. Şonuň üçinem, olar o guýudan bu guýa, bu guýudan o guýa çapalaşyp başladylar. Gün yrman diýen ýaly Hakguýa, Guşly batyryň ýanyna gatnadylar. Maslahat soradylar. Öz pikirlerini aýtdylar. «Şunça wagt çydap gezibem indiden soň baknalygy boýnumyza almaly bolaýarmykak» diýşip howsalaly gürlediler.

Ruhy batyr näme diýjegini bilmän köplenç dymdy.

Enehakyda bolsa olara birsyhly sabyrlylygy, çydamlylygy ündedi.

Birdenem...

## 11. Hywadan gelen hoş habar

...1912-nji ýylda Daşhowuzdan ýeňilmedikleri şunça ýyl garaşdyran hoş habar gelip gowuşdy. Aýdyşlaryna görä ol ýerde Jünneýit lakamly, Gurbanmämmet serdar diýen bir är döränmişin we hakyt ors hökümetine garşy baş göterenmişin. Gozgalaňa Ors hökümetine daýanyp Hywa hanynyň türkmenler babatda täze ýer-suw reformasyny girizmekligi sebäp bolupdyr. Onsuzam patyşa hökümetiniň zulmundan ýaňa bizar-peteňleri çykan halk ýaraga örän döwtalaplylyk bilen ýapyşypdyr we Jüneýit hanyň daşyna üýşüpdir. Ol: «Ähli türkmen taýpalaryny bilelikde aýaga galdyryp bilsem orslary ýurtdan çykararyn», diýenmişin.

Şol habar gelip ýetenden Ruhy batyr Enehakydadyr – Umydy gaşynda oturdyp:

— Hudaýa ýüz-müň şükür. Ol biziň göwün-isleglerimizi berdi. Bize ýol görkeziji, halasgär iberdi. Öçüp barýan umyt uçgunjyklarymyzy alowlatdy, arzuwlarymyzy çynyrgatdy – diýdi. Şonda onuň sözleri diýseň joşgunly çykdy. Ol özüni henize çenli miýesser etmedik derejede bagtyýar saýdy.

Enehakyda begenjine ärinem, oglunam gujaklady. Gözlerine ýaş aýlap oturşyna bokurdagyny dolduryp:

— Eý Hudaý jan! Men senden razydyryn! Şehit öten ata-babalarymyzyň hatyrasyna sen Jüneýit hana kuwwat ber! Onuň gylyjyny kesgir et! Goý, duşman ondan basyksyn, gaçyp ýurtdan çykyp gitsin!... – diýdi.

Umyt bolsa ylgap gidip sürüden bir janly alyp geldi. Soýdy. Gazan atardy. Goňşy-golamlary çagyrdy. Hudaý ýoluna sadaka berdi. Aýat okatdy. Ruhy batyr ýygnananlary täze habar bilen tanyş etdi. Jüneýit han barada bilýänjelerini gürrüň berdi. Soňundanam indiki çarşenbe güni gumlularyň ählisini ýygnap uly maslahat geçirjekdigini aýtdy.

Şol gün agşam Umyt kaksyna ýüzlenip:

— Munça dabara etmezden öň birimiziň gidip Jüneýit han bilen gepleşik geçirmegimiz, onuň etsem-goýsamlary bilen tanyşmagymyz gerek. Soň birdenkä barysy boş gürrüň bolup çykaýmasyn – diýdi.

— Menem hut şol pikirde – diýip, Guşly batyr ogluna buýsançly garap oturşyna aýtdy. – Ýöne, ondan öňürti biziň öz ýigitlerimiziň taryna kakyp görmegimiz, gerek. Watançylyk duýgulary öçüpmi ýa entegem köräp durmy, bilmegimiz gerek.

Umyt razylygyň alamaty hökmünde başyny aşak-ýokary yrady.

Çarşenbe güni çäş wagty gumlularyň dürli guýulardan ýygnanan wekilleri Ruhy batyryň giň gerimli alty ganat ak öýüniň içine üýşdüler. Adamyň köplüginden ýaňa

içeri dymyk bolansoň tüýnügiň serpigi serpildi, tärimiň gamyşy bir ýana syrylyp, keçeleri çermeldi. Ortadaky ojagyň ody peseldildi.

Wekilleriň köpüsi Ruhy batyryň öz deň-duşlary. Elli bilen altmyşyň aralygyndaky köpi gören tejribeli adamlar. Ýöne, içinde Umyt ýaly täze ösdürimlerem bar. Olaryň käbirleri dürli sebäplere görä dünýeden gaýdyş eden kakalaryna derek gelen bolsalar, käbirleri kakalary bilen bile gelipdirler. Kakalarynyň öz ogullaryna guwanýandyklary, şular ýaly il bähbitli uly maslahatlara özleri bilen deň-derejede gatnaşýandyklaryna buýsanýandyklary olara tarap söýunç bilen ogryn-ogryn bakyşlaryndanam bildirip dur.

Tagam dadylyp orta çaý çekilenden soň Ruhy batyr myhmanlaryny öňde duran mesele bilen tanyş etdi.

— Ýöne... – diýenindenem bir zat ýadyna düşen ýaly sägindi-de, ýüz-gözüni öňküsindenem has çynlakaý sypata getirip: — Birdenkä gerek bolaýan halatynda siz söweşe taýýarmysyňyz? – diýdi. — Siz atlaryňyzy, ýaraglaryňyzy ähtibarly saklansyňyz-da hern-ä?

Myhmanlar ýerli-ýerden gobsunyşdylar.

— Howwa! Biz atlarymyzam, ýaraglarymyzam gerek boljak güni üçin gözümiziň göreji ýaly aýap sakladyk. Belki, şol günüň geldigi bolsun-da hern-ä!

— Howwa, hut şol gün geldi – diýende, aşa joşmakdan ýaňa Ruhy batyryň gözleri ýaşaryp gitdi. Bokurdagy doldy. Düwündi. – Enehakydanyň bir wagtlar aýdyşy ýaly, ýeňilmedikler hemme ýerde-de bar ekeni. Biz ýöne birek-birekden bihabar ekenik. Egerde biz häzir ähli türkmenler bolaga-da Jüneýit hanyň daşyna jem bolaýsak, onda, onlarça ýyl bäri edip gelýän arzuwlarymyzyň hasyl bolaýmagam ahmal. Ol orslary ýeke bir türkmen topragyndan däl, eýsem külli Türkistandan çykarmaklygyň aladasyndamyşyn, ýöne, oňa iňňän köp mukdarda goşun gerek bolar.

Köpçüligiň içinde gowur köpeldi.

— Şol goşun ine, biz şol!

— Şu gün gitmelem bolsa biz taýýar, Guşly batyr!

— Howwa, biz bu güne juda köp garaşdyk.

— Hudaýa şükür, indi ogullarymyz ýetişdi. Biz olara öz ojaklarymyzy taşlap arkaýyn gidip bileris.

Ýokarky dodagynyň üstüne ýaňy bir ýumşajyk, seýrek gyl örüp ugran, ýüzi bugdaý reňk ýigidiň inçejik hem uzyn bokurdagyndan entek doly ýognap ýetişmedik çasly ses çykdy.

— Ýok, bizem siziň bilen bile gideris!

Başga bir jahyl onuň bu pikirini alyp göterdi.

— Arslan dogry, aýdýar! Biziňem erkinlige öz goşandymyzy goşasymyz gelýär.

Bu pikire ýaşulylardanam goşulanlary boldy.

— Ýaşlar mamla. Biz söweşe öz ogullarymyzam alyp gideris.

Ruhy batyr bir elini ýokary göterdi.

— Ýagşy. Ýöne, ýene bir pikir bar. Ýagny, köpçülik bolup ugramazymyzdan ozal wekil iberip Jüneýit han bilen gürleşip görmegimiz, onuň tutumlary bilen tanyş bolmagymyz gerek.

— Oňa seniň özüň gidersiň, Ruhy – diýip, Ruhy batyr bilen deň-duşrak, goňşy guýularyň birinden gelen, şu döwrüň içinde maýda mallaryny köpeldip mazaly baýamana ýetişen, gala synandan soňky çozuşlaryň ählisine gatnaşan agajetli, boýy ortadan uzynrak, akýagyz kişi oturan ýerinden onsuzam hökümli çykýan sesine hasam bat berdi. Sözüni tamamlaýşy ýalam iki dyzyna galdy-da, birneme egilibräge-de, aşaklyk bilen oturanlaryň ýüzüne ýeke-ýeke garady – Başga birini teklip edibiljegiňiz bamy?

— Ýo-ok, – diýen zorruk ses märekäniň orruk ortasyndan çykdy. – Ýöne, onuň ýanyna Durdy sakawam goşmak gerek. Özüňem ýanlaryna goşulaýsaň-a hasam gowy bordy, Hojam aga.

Ruhy batyryň sag gapdalynda oturan Durdy batyr ýaňky sözi aýdan adama tarap çalaja göz aýlady. Çalaja gyzarybam aşak bakdy. Çünki, ol özüne «sakaw» diýlende ýokuşam görmeýärdi, ýöne gaty bir halabam baraýanokdy. Çagalyk dostunyň bu ýagdaýyny hiç kim bilmese-de Ruhy batyr ýagşy bilýärdi. Şonuň üçinem ol hälki zorruk sesiň çykan tarapyna nazaryny dikdi-de, birdenkä onuňam göwni galaýmasyn diýýän ýaly iňňän seresaplylyk bilen:

— Sen Durdy batyr barada aýdýaňmy – diýdi.

«Zorruk» ses bu gezek haýal-ýagalrak hem-de üzlem-saplamrak çykdy.

— Howwa, howwa, Durdy batyr barada aýdýan. Goý, Durdy batyr bilen Hojam aga-da seniň bilen bile gitsin.

Ruhy batyr bilen Durdy batyr ikisi bir wagtyň özünde diýen ýaly uludan sowuk demlerini aldylar.

Oturanlaryň içinden kimdir biri gitjekleriň ýanyna janpena hökmünde ýaş ýigitlerdenem bäş-alty sanysy goşulaýsa kem bolmajakdygyny aýtdy.

Ruhy batyr Hojam aga diýilýäne tarap soragly seretdi. Hojam aga-da baş atmak bilen razylygyny bildirdi. Ruhy batyr märekä ýüzlendi.

— Biz razy! Başga teklip bamy?

— Ýok?

— Başga teklip ýok!

— Siz indi ugraberseňizem bolýa.

— Ýöne, köp garaşdyrmaň!

— Sag gidip aman geliň!

— Tiz gidip tiz geliň!

— Gidişiňizden gelşiňiz çalt bolsun! – diýen sesler başly-barat çykdy. Kem-kemdenem köşeşdi.

Wekilçilikli toparyň gapdaly bilen janpena hökmünde gitjek jahyllaryňam kimlerdigi belli edildi. Olara goşulmaklyga Ruhy batyryň ýigrimi sekiz ýaşly ogly Umyt hem isleg bildirdi. Şonda: «Ýok, bu bolmaz. Umyt Ruhy batyryň ýeke ogly, üstesine-de ol başynda halkyň hakydasyny göterip ýör. Şonuň üçinem biziň ony aýamagymyz gerek», diýenlerem boldy. O pikir köpler tarapyndan goldandam. Ýöne, Enehakydanyň maslahata girip: «Biziň öz ogul-gyzlarymyzy il-gün üçin ýetişdirdik. Beren Alladyr, olary şonuň özi goramasa biz gorap bilmeris. Goý, gitsin, iş bitirsin...» diýmegi bilen ol gürrüň tamam boldy.

Maslahat gutardy. Myhmanlar öýli-öýlerine dargadylar.

Şol günüň ertesi wekiller ýola düşdüler. Ugrajak wagtlary Enehakyda olara ak pata berdi.

Hakguýunyň ähli ýaşaýjylary bolup, olary esli ýere çenli, uly şowhun bilen ugratdylar.

## 12. Ruhy batyr Jüneýit hanyň ýanynda

Ahaldan gelen wekilleri Jüneýit hanyň hut özi kabul etdi. Hezzetledi. Hormatlady. Soň toparyň ekabyry hökmünde Ruhy batyr bilen aýratyn gürrüňdeşlik geçirdi.

— Men seniň örän merdana hem edermen adamdygyň barada örän köp eşitdim. Şeýle meşhurlyk gazanan adam bilen ýüzbe-ýüz oturandygyma men şat. Asyl, görüp otyryn welin, ikimiz deň-duşragam ekenik. Maňa ýeke bir jahyl ýigitler däl, özüň ýaly tejribeli adamlaram gerek.

Ruhy batyr:

— Howwa, bary-ýogy iki ýaş tapawudymyz bar ekeni – diýende onuň Türküstany Orsyýetden azat etmek üçin aýaga galandygyny tüýs ýürekden gutlady. Edýän hereketlerini makullady. Häzir hemme ýerde siziň gürrüňiňiz edilýär. Halk size umyt baglaýar. Olar size ellerinden gelen kömegi etjekler. Men häzir gepleşik üçin geldim. Egerde wagtyny aýtsaňyz men Ahaldan ýüzlerçe atly-ýaragly adam getirip biljek. Ýöne, soň göreşi tutuş ýurt boýunça ýaýbaňlandyrjakdygyňyza, Hywadan başlap, tä Hazar deňzine çenli bolan aralygy gelmişeklerden arassalajakdygyňyza biz ynanmaly.

— Siz maňa ynanyp bilersiňiz. Çünki, biziň başlan bu hereketimizi türklerem, almanlaram, Eýrandyr-Owaganystanam, iňlislerem goldaýarlar. Olar bize ýarag kömeginiem etjekler. Onsoňam bize ýeke bir Hywada ýaşaýan türkmenler däl, özbeklerem, garagalpaklaram günüň gününe gelip goşulyp durlar. Gazakdyr-gyrgyzlaryňam iki gözi bärde, mahlasy, biziň tutumymyz uly.

Ruhy batyr özüni biynjalyk edýän soragy bermän durup bilmedi.

— Bu diýýänleriňiz gowy zat, Gurbanmämmet serdar, ýöne, ýaňky agzan döwletleriňiz orslary kowýançak kömek edägetdänim, soňundanam olaryň ornuna özleri ornaşaýmazlar-da hern-ä?

Jüneýit han makullaýjylyk bilen baş atdy. Çalaja ýylgyrdy.

— Men bu barada hem pikir etdim. Ýöne, beýle bolar öýdemok. Egerde, şeýle boljak bolsa, onda göreşi gaýtadan, olaryň öz garşysyna gönükdireris. – Jüneýit han Ruhy batyryň ýüzüne soragly garady. – Ýogsa-da siziň getirjek ýigitleriňiziň ýaraglary barmy?

— Baram bar, ýogam bar. Bar bolanlaram köne. Şo-ol, gala urşundan galan ýaraglar. Ýöne, olar ony wagtly-wagtynda ýaglap, syryp-süpürip, gurat sakladylar, wagtly-wagtynda türgenleşik geçdiler, özlerinem ýaraglarynam poslatmadylar.

— Patyşa hökümedi siziň ýeňlenleriň ýaraglaryňyzy eliňizden almadymy?

— Patyşa hökümedi öz eli bilen eltip berenleriň, özüne boýun bolanlaryň ýaraglaryny aldy. Biz bolsak boýun bolmadyklar. Ýeňilmedikler. Atlaryny ýaraglaryny tabşyrmadyklar. Şu günki güne garaşyp gezenler.

— Bolýa, Guşly batyr. Men seniň alyp geljek ýigitleriňem ok-ýarag bilen üpjün ederin.

— Biz onda öz ýigitlerimizi getiribermelimi?

— Getiriberiň – Jüneýit han sözüni tamamlan ýalam etdi-de, birdenkä Ruhy batyryň ýüzüne üşerildi. – Ýogsa-da, sen öz kepderiňem alyp geldiňmi?

— Ýok. Alyp gelmedim.

— Näme üçin.

— Ol guş meniň at üstünde berýän ak ganatly permanym. Söweşiň tamamlanandygy baradaky buýrugym. Şonuň üçinem men ony diňe goşuna doly erk edýän mahalym ulanýan. Häzir bolsa men siziň nökeriňiz. Men bu ýerde diňe siziň buýrugyňyz boýunça hereket ederin.

Jüneýit han Ruhy batyryň ýüzüne uzak wagtlaap, synlaýjy nazar bilen seretdi. Yzyndanam birgeňsi ýylgyrdy.

— Bolýa, batyr. Sen örän gowy geplediň. Jaýba-jaý sözlediň. Biz seniň bilen köp işler bitirip bileris. Men saňa garaşýan.

Şondan soň aý ýarym geçip-geçmänkä Ruhy batyr Ahalyň men diýen ýigitlerinden ybarat bäş ýüz elli atlyny yzyna tirkäp geldi. Şolaryň iki ýüze golaýy Garagumda irden bäri oturan gumlulardandy. Döwtalap ýigitleriň ýene-de tapyljakdygyny, sähleçe yşarat boldugy tutuş Ahalyň, onuň yzysüre Marynyň hem gozganaýmagynyň ahmaldygyny Ruhy batyr aýtdy.

– Göreşiň gerimi giňäp, şo tarapa süýşübersek hazarýaka türkmenlerem bize goşular – diýdi.

Jüneýit han Ruhy batyry öz getiren ýigitlerine umumy ýolbaşçy edip belledi. Şondan soň, Ruhy batyr ýigitlerini ýüzlüklere bölüp, hersine ýüzbaşy belledi. Ýüzbaşylara bolsa öz ýüzlüklerini onluklara bölüp, onbaşylary bellemekligi tabşyrdy. Söz berişi ýaly, Jüneýit han olaryň hemmesini ok-ýarag bilen üpjün etdi. Basym söweş boljakdygynam aýtdy. Şondan soň gumly ýigitler söweşe çenli boş ýatmazlyk üçin türgenleşik işleri bilen meşgullanyp başladylar. Jüneýit hanyň nökerleri bilen tanyşdylar, dostlaşdylar. Agşamlaryna ot başyna üýşüp derdi-hal aýdyşdylar. Gumlular olara Gökdepe söweşi barada gürrüň berdiler. Olar bolsa, öz gezeklerinde gumlulara Gökdepe söweşinden öň, Hywa topragynda bolup geçen Gazawat urşundan söz açdylar. Käte bolsa olaryň barysy bilelikde Umydyň daşyna üýşüp hakyda diňlediler.

## 13. Hywadaky halk hereketleri.

Şol wagt 1912-nji ýylyň aýaklarydy. Hywa hany ors hökümetine daýanyp gozgalaňçylara garşy uly harby ýöriş taýýarlap ýördi. Şol ýörişe ol 1913-nji ýylyň başlarynda başlady. Jüneýit hanyň üstüne uly güýç bilen hüjüm etdi. Ýöne, Jüneňit han köp milletli goşuny bilen ony derbi-dagyn etmekligi başardy we özüniň harby tärlere ökde, guramaçy serkerdedigini subut etdi. Abraý gazandy. Hywa topragynda hökmi rowan boldy. Onuň týrkmen topragyny orslardan azat edip biljekdigine ynanýanlaryň sany köpeldi.

Jüneýit hana meşhurlyk getiren şol söweşe Ruhy batyryň ýigitlerem gatnaşdylar. Az-kem ýitgi çeken hem bolsalar ilkinji ýeňiş olaryň ruhlaryny göterdi. Ruhy batyryň gözleriniň öňünde bolsa edil birinji Gökdepe urşunda bolşy ýaly ors goşunlarynyň sap-sap bolup, gelen yzlaryna tarap süýrenişip baryşlary janlandy. «Ýa, Alla jan, şol günlere-de ýetiräýediň-dä, hern-ä» diýip, bir gün nökerleri bilen çaý içip içini gepledip otyrka elini ýüzüne syldy. Şol sözi içnden däl-de, daşyndan aýdandygyny ol daş-töweregindäkileriňem özi bilen bilelikde: «Omyn!..» diýşip seslenendiklerini eşidenden soň bilip galdy.

Jüneýit hanyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylara erkinligi arzuw edip ýören dürli türkmen taýpalaryndan başga Hywada ýaşaýan, ors hökümediniň we Hywa hanynyň zulmundan nägile özbeklerden, garagalpaklardan gelip goşulýanlaryň

sany öňküdenem has artyp başlady. Edil garaşylyşy ýaly, Ahal ýigitlerinä hereketine eýerip Jüneýit hanyň ýanyna Marydan, Balkandan, ençeme wagt bäri ors hökümedi bilen Buhara emirliginiň baknalygyndan halas bolmaklygy arzuwlap ýören lebaply türkmenlerdenem topar-topar atlylaryň gelip goşulmagy bilen,Jüneýit hanyň goşun sany on bäş müňe ýetdi. Türkmen halkynyň bir döwlete öwrülmek meýli külli Türküstanyň ors hükimiýetiniň gol astyndan çykmak mümkinçiligi hakykata öwrülip barýana meňzedi.

Jüneýit hanyň dabarasy dag aşdy. Şol dabaranyň bir ujy baryp Petrburgda oturan ak patyşa hem baryp ýetdi.

Orta Aziýa boýunça ozalam ors hökümetini biynjalyk edýän zat diňe türkmen meselesidi. O meselänem bir wagt bir ýüzli edendirin öýdüp, arkaýynsyrap oturan patyşa çarwa türkmenleriniň içinden beýle gaýratly adamyň tapylyp biljekdigine geň galdy. Ýöne, ony has geň galdyran zat Jüneňit hanyň Hywada hökmürowanlyk edip, tagta kimi çykarasy gelse, çykaryp, kimi aýyrasy gelse aýryp ýörendigi. Şoňa ygtyýarynyň ýetýänligi. Tagtda kim oturan hem bolsa Hywany Jüneýit hanyň özüniň dolandyrýanlygy. Ine, ýap-ýaňy hem ol Hywa hany Isfendiýar hany tagtyndan düşürip, onuň ýerine öz diýen adamsyny goňupdyr.

Bu habarlary eşidip diýseň dergazap bolan ak patyşa haýal etmän Jüneýit hany derbi-dagyn etmek barada buýruk berdi.

Buýruk ýerine ýetirildi. Hywa hany ýene-de öz tagtyna çykaryldy. Ýöne, onuň bilen Jüneýit hanyň güýjem synmady, erkem. Söweş hereketlerem togtamady. Ýerli ähmiýeti bolan söweşler kä onda, kä munda gaýtalandy durdy. Şeýle-de bolsa, köki giň ýaýran patyşa goşunlary Gurbamämmet serdaryň tüsiriniň has giňelmegine, söweş gerimleriniň welaýatdan-welaýata ýaýbaňlanmagyna mümkinçilik bermeýärdi. Gaýtam käteler ony gysaja gysýardy, öz demi düşýän ýerinden kowup çykaryp, ony öz nökerleri bilen bilelikde guma siňmäge, köne guýularyň başynda mesgen tutmaga mejbur edýärdi. Bu ýagdaý elbetde, Jüneýit hana-da hoş ýakyp barmaýardy welin, Ruhy batyryň we onuň ýoldaşlarynyň ýüreklerini hasam gysdyrýardy. Çünki, olaryň basymrak ýeňiş baýdagyny parladyp Ahala baraslary, bir wagtlarky synan ýaşyl tuglaryny ýene-de Diňlidepäniň üstünde dikesleri gelýärdi.

Yzda galanlaryň bolsa gözleri ýoldadyr. Olaryň ugradyp goýberenleriniň arasynda bolsa bu gün eýýäm ýoklaram bar. Olar söweşlerde şehit boldular. Sowuk habar welin, hossarlaryna entek ýetirilenok. Goý, bir günem bolsa umyt bilen ýaşasynlar, bar zady baranymyzdan soň aýdarys diýdiler. Ýogalanlaryň arasynda biziň tanyşlarymyzdan ýatan ýerleri ýagty bolsun, Hojam aga bilen inçe sesli ýaş ýigit Arslanam bar. Egerde garaşylyşy ýaly ýeňiş bilen gaýdyp barybilseler Ruhy batyr olaryň hossarlaryna näme diýjegini bilýär. «Siziň ogluňyz, siziň ataňyz beýik

ýeňşe goşant goşdy, siziň erkinligiňiz ýçin, gurban boldy, siz gynanmaň, gaýtam begeniň, şeýtseňiz olaryňam ruhlary şat bolar”, diýer. Ňöne, ine, iş bitirmän atlaryha uýanlaryny ýerden süýreşip, özlerem ýüzlerini sallaşyp sus barmaly bolsalar welin Ruhy batyrnäme diýjegini bilenok. Kimdir biri: «Şunça wagtlap gidibem bitiren işiňiz şumy? Päheý!..” diýäýse dag-a bar gitdi.

Umuman, ýagdaý gitdigiçe çylşyrymlaşdy. Dogry, Jüneýit han ýan berdi ýa gaýra tesdi diýip bolmaz, ol birsyhly duşman üzre süründi ýördi. Hüjüm etdi. Ýöne, duşamnyň kökünüň çuňalandygy, Türküstana giň ýaýrandygy, aňyrsynda berk hem güýji esgilmez uly döwletiň durandygy her ädimde bildidi durdy. Daşary ýurtlardan edilýän ujypsyzja ok-ýaraglar ýetmezçilik etdi. Gaçakçylyk ýollary bolsa barha bekedi. Harby maksatly harytlary getirmek kynaldy.

Her niçik hem bolsa 1916-njy ýylda halk gozgalaňy täzeden güýçlendi we has giň gerime eýe boldy. Hususan-da, Eziz hanyň ýolbaşçylygynda, Tejende turan daýhanlar gozgalaňy bütin ýurda ýaň saldy. Patyşa hökümetine garşy türkmen topragynda Jüneýit handan başga ýene-de bir çynlakaý güýç emele geldi. Bu birneme guramaçylyksyzrak hem bolsa, türkmen taýpalarynyň biri-birine raýdaşlyk bildirýändikleriniň, basybalyjylara garşy ýerli-ýerden göreşmek bilen, baknaçylykdan çykyp özbaşdak döwlet gurmaklyga ymtylýandyklarynyň alamatydy.

Şonda, Ruhy batyr Jüneýit hana Eziz han bilen aragatnaşyk açmaklygy, beýleki sebitlere-de wagyzçy ýollap, olaram göreşe çekmekligi, göreşi tutuş ýurt boýunça bir wagtyň özünde giň gerim bilen, barmaklygy maslahat berdi. Ahal sebitlerinde şu işi ýola goýmak üçin özüniň ertir ýola düşmelem bolsa taýýardygyny aýtdy.

Jüneýit han onuň bilen razylaşdy. Geljekki söweş hereketlerini başda gaýybana hem bolsa özara maslahatlaşyp, guramaçylykly alyp barmak, wagty gelende goşulşyp bilelikde hereket etmek baradaky teklip bilen Eziz hanyň ýanyna ýörite adam iberdi. Ol adam hoş habar bilen gaýdyp geldi. Elten teklibini Eziz hanyň höwes bilen kabul edendigini aýtdy. Indi beýleki sebitlere wagyzçy ibermelidi. Öňi bilenem Ruhy batyry Ahala ýollamalydy. Rowaç alyp barýan bu iş Jüneýit hany şuda begendirdi. Ol ýeke bir türkmen taýpalaryna däl, eýsem has uly güýç bilen iňňän çalt gelip daşyna üýşmeklerini dörän mümkinçiligi elden bermezlik ýçin howlukmaklaryny haýyş edip gazak, gyrgyz, özbek doganlaryna hem çaparlary, wagyzçylary, wekilleri ibermekligi ýüregine düwdi.

Ýöne, has uly ýurtlar bilen ençeme ýyl, ençeme gezek urşup ummasyz tejribe toplan ors hökümedem onuň meýil-maksatlaryny daşyndan synlap, ümsüm ýatanokdy. Öz hökmi ýöreýän ýerinde özüne ynjalyk bermän, böwründe sanjy bolup dörän hany agyr goşuny bilen bilelikde ýok etmekligiň ýollaryny

agtarýardy. Elbetde, ol Jüneýit hanyň soňky maksatlaryndanam bihabar däldi. Çünki, onuňam ýeriň aşagynda ýylan gäwüşese-de duýýan jansyzlary bardy.

Hut şol zatlar sebäplem Jüneýit han Ruhy batyr bilen bilelikde göwnüne düwen niýetini amala aşyryp bilmedi. Çünki, şol ýylyň gozgalaňy Daşhowuzda ak patyşanyň goşunlary tarapyndan basylyp ýatyryldy. Agyr ýygyn dargady. Jüneýit hanyň özi bolsa ýakyn adamlary bilen Owganystana geçdi. Ol Ruhy batyra-da özi bilen gitmekligi teklip etdi. Emma, Ruhy batyr ýurdy taşlap hiç ýana gitmejejkdigini, tä ölýänçä şu toprak ugrunda göreşjekdigini, göreşip bilmedik ýagdaýynda göreşi gursagynda saklap, göreşmeli günüň gelerine garaşjakdygyny aýtdy.

Han özüniňem niýetiniň şoldugyny, häzirem gaçyp däl-de, güýç toplamak, tijenmek üçin gidýändigini, basym dolanyp geljekdigini aýdyp, at başyny owgan serhedine tarap öwürdi.

Jüneýit han bilen bolan sowuk hem ýakymsyz hoşlaşykdan soň Ruhy batyr öz ýigitlerini alyp Eziz hanyň ýanyna ugrady.

– Baralyň. Oňa kömek edeliň. Azajyk saklanybilsek Jüneýit hanam gelip ýetişer! Onsoň göreşi bilelikde dowam etdireris.

Ýigitlerden ses çykmady. Ruhy batyr muny razylygyň alamaty hökmünde kabul etdi. Ýola düşenlerinden soňam esli wagtlap gep-söz alyşylmady. Diňe ilkinji gezek dem-dynç almak ýçin düşlänlerinde, hemişe Ruhy batyryň gapdalynda dymyp ýören Durdy batyr:

– Jüneýit han g-gelse-de Hywa geler, Tejene gelmez. Biz onuň b-bilen d-duşuşyp b-bilmäýmesek... – diýdi.

Muny Umydam goldady.

– Dogrudanam şol mesele nähili bolarka, kaka?

Ruhy batyr uzak wagtlap dymdy. Birhaýukdan soňam başyny galdyryp:

– Men elbetde, Jüneýit hana ynanmazçylyk edemok, ýöne, öňi bilen-ä ol o ýerden gaýdyp geljekmi ýa ýok, ine, şu belli däl. Geläýse-hä ne ýagşy. Onda biz onuň bilen tapyşarys. Daşhowuza barsa-da tapyşarys, Tejene gelse-de tapyşarys. Muňa söz ýok. Bardy-geldi gelmedik ýagdaýynda welin, biz ähli güýç-kuwatymyz bilen Eziz hany goldamaly borus. Eşidişime görä ol ýaş hem gujurly ýigitmişin. Batyrmyşyn. Ýagşy serkerdemişin. Üstesine-de Tejen ilatyny däl, eýsem Mary, ahal ilini hem öz tarapyna çekmäne mýmkinçiligi bar. Jüneýit hanyň gelibilmedik ýagdaýynda biz adam iberip Jüneýit hanyň dargan adamlarynam Tejene ýygnarys. Olar häzir gumdaky guýularyň başyndadylar. Eziz hanyň uly goşuna baştutanlyk edibiljekdigine, Jüneýit hanyň ornuny tutup biljekdigine bolsa meniň gümanym ýok. Edil Jüneýit hanyň daşyna ýygnanyşlary ýaly, Eziz hanyň daşyna-da dürli sebitlerden hatda goňşy halklardanam batyr ýigitler gelip goşularlar. Çünki, bu

bela diňe türkmeniň başynda däl. Ol özüne  juda köp duşman gazandy. Ymgyr köp gan dökdi. Nähak gan bolsa ýerde ýatmaz. Daşary ýurtlularam Jüneýit hana edýän ok-ýarag kömeklerini Eziz handanam gaýgyryp durmazlar...

Howwa, Ruhy batyryň Eziz handan tamasy uly. Entek Jüneýit handan tamasyny doly üzmedik hem bolsa häzirlikçe bar umydy şonda.

## 14. Orta ýolda

Ýöne, Eziz hana tarap barýan ýol uzak bolmady. «Çyrla" guýusynyň başynda düşlänlerinde agşamaralar üstlerine bir bölek atly geldi. Özlerini Eziz hanyň nökerleri diýip tanyşdyran şol atlylaryň biri, garaýagyz, uzynak, boýny dutaryň sapy ýaly, inçe, sargylt hem uzyn dişleriniň düýbi kebir baglap duran, topazlaç burnunyň çep ganaty meňli Ojar atly jahyl ýigit düýn-öňňinlikde patyşanyň Tejen şäherindäki goşun bölýmleriniň üstüne çozandyklaryny, ýöne, gowy ýaraglanan soldatlaryň özlerini çym-pytrak edendiklerini, şondan soň Eziz hanyň Eýranamy ýa şonuň üsti bilen Owganystanamy, gaçyp gidendigini, ýöne, tizara güýç toplap gaýdyp geljekdigini, oňa çenli özleriniňem başlaryny bozman, gum içinde garaşyp gezjekdiklerini, özleri ýaly atly bölekleriň häzir gum içinde başga-da köpdügini bir demde aýdyp berdi. Onuň ýeňleniň sussypesligi bilen däl-de, ýeňijiniň badyhowalygy bilen gürleýşi Ruhy batyra ýarady. Bir zat diýmäne çemelendi. Ýöne, häliden bäri dodagyny çommaldyp, eňegini titredip oturan Durdy batyr ýüzüni bir gpadala sowdy-da, gaşyny çytyp ynjyly gürledi.

– A-al-aýt, b-bularyň ejizläni daşary ýurda gaçmak bilen boluberýä w-welin näme, o ýerde ätiýaçlyk üçin goýup gaýdan g-goşunlary dagy barmyka?..

«Menem-ä içimden şony pikir edip durdum", diýýän manyda, Ruhy batyr dostunyň ýüzüne aşaklyk bilen gyýalap garady. Gözlerini güldürdi. Yz ýanyndan inçejik murtuň aşagyndaky dodaklaram çalaja  çyzyldy. Şondan soň onuň  nazary eýýämhaçan oduň başynda ornaşmaga ýetişen Ojara tarap gönükdi. Ojar öňküsindenem çalt gepledi.

– Dogry, taýýar goşun-a ýok, ýöne, iňlis, türk, eýran, owgan döwletleri Jüneýit hana berýän kömeklerini Eziz hana-da berjekler. Arada olaryň wekilleri gelip ýörite gepleşigem geçirdiler. Öz aýdyşlaryna görä dinleri birem bolsa olar orslary halanoklarmyşyn.

– O-olar o-orslary türkmen topragyny özlerinden öň alandyklary üçin halaýan däl b-bolaýma-asalar... – diýende,  Durdy batyryň aşaky erni ep-esli aşak sallandy. Şonda ol bir zatdan öýkelän çaga meňzedi.

Onuň sözüni tamamlandygyna  az-kem garaşmak arkaly doly göz ýetirenden soň, Ruhy batyr ýigitlere özüni gyzyklandyrýan esasy soragy berdi.

– Ýogsa-da ol haçanrak gaýdyp gelmeli? Geläýen ýagdaýynda siz onuň bilen nädip tapyşarsyňyz? Nädip duşuşarsyňyz? Gelendigini nädip bilersiňiz? Aslynda ol geljekmi beri?

Ojar golamta gorsalan böwrek ýaly garamtyl hem küljümek dodaklarynyň jaýrylmakdan ýaňa ganjaryp duran ýerini ýalap gözlerini çerreltdi.

– Geler, geler, hökman geler. Gelerem, göreşi dowam etdirerem. Şunuň şeýle boljakdygyna hiç-hili şek-şebhe bolup bilmez. Gelendigini welin biz onuň serhetden geçen güni bileris. Munyň üçin biziň öz ýörite aragatnaşyk tärlerimiz bar. Biz hatda ötegçi şemal arkalam habarlaşyp bilýäs...

Ruhy batyr elini Ojaryň egnine goýdy. Kesgitli gürledi.

– Onda şu ýerden hemmämiz bilelikde biziňkä gideliň. Eziz han gaýdyp gelýänçä sizem biziň ýanymyzda boluberiň. Belki, oňa çenli Jüneýit hanam dolanar.

– Siz Jüýneýit hanyň adamlarymy?

– Howwa.

Turuwbaşdan bermeli soragyny Ojar diňe şondan soň berdi.

– Agam, size km diýerler?

– Biziň adymyza Ruhy batyr diýerler.

– Ruhy batyr?

– Howwa, Ruhy batyr. Ahaldan.

– Be-e... Şo-ol, meşhur Guşly batyrmy?

– Howwa.

Şondan soň ýigitleriň barysy birden «gürre” ördüler-de, Ruhy batyr bilen täzeden görüş diler.

## 15. Rewolýusiýanyň ýaňy

Ýedi adamdan ybarat şol toparam yzyna tirkäp Ruhy batyr Hakguýa geldi. Guýudakylar olary sus garşyladylar. «Doly gidip egsik geldiňiz”, diýşip, aýallar-a hünübirýan aglaşdylar. Esasanam ýogalanlaryň hossarlary heläk boldular. Ruhy batyr baýleki guýulardan ýogalanlaryň maşgalalaryna habar ýollady. Bütin oba bolup wepat bolanlaryň patysyny aldylar. Ýas bagladylar. Şeýle uly umyt  bilen garan işleriniň şowsuz tamamlanandygy üçin gynandylar.

Getiren adamlaryny Ruhy batyr söz bereşi ýaly ýanynda saklady. Olaram eplenişip boş ýatmadylar. Hakguýudakylaryň öý-işlerine kömekleşdiler, mal-garalaryna

seredişdiler, ot-çöp ýygnaşdylar, agyllaryny arassaaşdylar, guýulardan gowaly suw çykaryşdylar.

Aradan aýlar geçdi. Bir günem Hakguýa: “Orsyýetde öwrülişik bolupdyr, “bolşewikler” diýilýän haýsydyr bir topar ak patyşany tagtyndan taýdyrypdyr, ony “rewolýusiýa” diýip atlandyrýalarmyşyn rewolýusiýany amala aşyranlara “gyzyllaram” diýýärlermişin, ýöne ak patyşanyň adamlaram dek ýatmaýarlarmyşyn, olar özlerini “aklar” diýip atlandyrýarmyşyn, olar gyzyllara garşy giň gerimli göreş alyp barýarlarmyşyn”, diýen habar Hakguýa gelip gowuşdy.

Ruhy batyr muňa juda geň galdy. Ahal ýaly uzak ýurda gelip, şeýle gyrgynçylyklar, ýykgynçylyklar eden, Jüneýit han, Eziz han ýaly müňlerçe ýigide baş bolup ýören hanlary, serdarlary ýurdundan gaçyp gitmäne mejbur eden patyşa hökümedini agdarybiljek güýç nähili zatka, diýen pikir ony erkine goýmady. Diýmek, agdarmak boljak ekeni-de, biz ýöne tärini tapman ýören ekenik, diýip, oýlandy.

Bu habar onuň egindeşlerinem, tutuş halkam çuňňur oýa batyrdy. «Patyşasy ýykylan orslar indi öz-özlerinden tebil tapyp, tutuşlygyna ýurtdan çykyp giderlermikän ýa diňe syýasat üýtgärmikä? Patyşa hökümetiniň elinden alyp agalygy indi bolşewikleriň özleri ýörederlermikä? Şeýle bolsa onda biziň üçin-ä üýtgeýän zat ýok”, diýen oý-pikir ýeke bir ýeňilmedikleri ýa beýleki türkmenleri däl, eýsem tutuş Türküstanyň ýaşaýjylaryny biynjalyk etdi. Şol habaryň yz ýany gelip ýeten Iki häkimiýetlilik baradaky bulaşyk düşünje bolsa halkyň aňyny öňküdenem beter bulaşdyrdy. «Hiý, bir ýurtda-da bir iki häkim, iki han bolarmy? Hiý, Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnarmy? Bir hatyny bir iki är alarmy? Ine, şu düşünjä eýerip ýören halk üçin o zatlar düýbünden düşnüksiz bolup galdy.

Şonuň yzysüre gelip gowşan: «Eziz han gaýdyp gelipdir, ýöne, ol eýýäm täze hökümetiň tarapyna geçipdir, nökerleriniňem bir bölegi-hä Türküstan hökümetini garamak üçin Daşkende, ýene bir bölegem Dutowyň ak kazaklaryna garşy göreşmek üçin fronta iberilipdir...” diýlen habar bolsa, Ruhy batyry sermeden gaýdan ýaly etdi. Egerde, Eziz han gaýdyp gelen bolsa, özem göreşi dowam etdirmek üçin gelen bolsa, gyzyllaram şol bir orslar bolup, olaram edil patyşa hökümedi ýaly biziň üstümizden agalyk etjek bolsalar, onda onuň gyzyllara goşulyp aklara garşy uruşjak bolup ýörmesi nämekä? Ýa ol: «doňzuň agy näme, garasy näme?, diýlen nakyly bilmeýärmikä?..”

Şu oýlara gümra bolup oturan Ruhy batyr başyny ýerden göterende Ojaryň öz ýigitleri bilen daşyny gallaşyp oturandyklaryny gördi. Oňa çenli onuň öz ýigitlerem ikiden-üçden gelip başladylar. Ruhy batyr ýüzüni sallap oturşyna:

– Şol, garaşylan gün geläýdimikä diýip, begenip ýördüm welin, bolmady-ow – diýip ahmyrly gepledi. Sag eliniň aýasyny şapladyp sag dyzyna ýelmedi. Soň naaryny çat maňlaýynda gözlerini jüýjerdip oturan Ojara dikdi. – Gelibem gulluga durany şolar boljak bolsa Eziz hanyň ýanynda meniň işim ýok. Siz özüňiz giderin diýseňiz gidiberiň. Men indi Jüneýit hana garaşmaly boldum... göreli-bakaly, ol haýsy perdeden goparka?

Eziz hanyň ýigitleri: «Aý, ýok, batyr aga, biz-ä barmasak bolmaz...” diýşip, haýal-aýagllyk bilen ýerlerinden turdular. Guşly batyr we onuň ýigitleri bilen gamgyn hoşlaşdylar. Şunça wagtlap aýdyp berem hakydalary, myhman alandyklary üçin Enehakyda, Umyda, umuman, Hakguýudakylaryň hemesine minnetdarlyk bildiler. Soň atlarynyň ýanyna bardylar. Göwünli-göwünsiz atlandylar. Edil zor bilen ugradylýan ýaly at başyny gitjek ugurlaryna bakan kynlyk bilen öwürdiler. Uzak ýola çykan wagtyň yzyňa garamaklygyň ýukaýüreklik, hamraklyk hasap edilýändigini bilýän hem bolsalar, tä aňňat-aňňat alaňlardan aşyp, gözden ýitýänçäler ädimsaýy yzlaryna gaňryla-gaňryla gitdiler. Käte beýigräk alaňa çykyp ellerini ýa telpeklerini buladylar.

Ugradýanlaryňam haly olaryňkydan ybaly bolmady. Olara-da şonça wagtlap öwrenişen adamlaryndan aýrylyşmak aňsat düşmedi. Has beterem bu Ruhy batyra ýokuş degdi. Ol ýeke bir aýralyga däl, umytdan jyda düşmeklik yzasyna-da döz gelmeli boldy. Eziz hanyň özüni alyp barşy oňa ýokuş degdi.

Ol Ojar dagy gidenden soňam telim günläp içini gepledip gezdi. Şol döwrüň içinde öýden çykmady diýen ýaly. Hatda kepdeilerini görmäge-de barmady. Olary günde iki gezek Enehakydanyň özi iýmledi. Ruhy batyr diňe Durdy batyryň ýanyna, onda-da agşamlaryna gürrüňçylyge bardy. Köp zatlaryň başyny agyrtsalaram olar soňky döwrüň wakalaryndan baş çykaryp bilmediler. Bolup duran zatlara düşünmediler.

Üstesine şol wagt Jüneýit hanyňam Owganystandan gaýdyp gelendigi, ýöne, onuňam indi öň garşysyna göreşip ýören duşmanlary bilen, ýagny, Hywa hany hem-de patyşa hökümediniň tarapdary bolan aklar bilen barigip gyzyllara garşy göreşýändigi barada habar gelip gowuşdy. Ruhy batyr halys aljyrady. «Bu hanlara, serdarlara nä döw çaldyka janlarym...” diýip, kellesini tutup kän oturdy. Arasynda Enehakyda maslahat saldy. Ýöne, bu mesele-de o-da belli bir zat aýdyp bilmedi...

Umyt bolsa bir gün kakasynyň gaşynda çökdi-de, bar zady aýdyňlaşdyrmak üçin özüni Jüneýit handyr, Eziz hanyň ýanyna gepleşige ibermegini haýyş etdi. Ruhy batyr aýaly bilen maslahatlaşyp oglunyň teklibini makullady.

– Dogrudanam beýdip, kölegämizden öýkelän ýaly daş aralykdan gyňralyşyp ýörmäliň. Bar zady çürt-kesik edeliň, bolup ýörüşleri şol boljak bolsa

gapdallarynda görünmejekdigimizi mert durup berk aýdalyň – diýdi. – Ýöne, belki ol ýere men özüm giderin?

– Ýok, kaka, olar ýaly uzak ýol indi saňa kyn düşer. Ýaramarsyň.

Ruhy batyr oglunyň bu sözüni birbada ýokuş görjek boldy. Çünki, altmyşa golaýlap ýörendigine garamazdan ol entek özüni gaty bir garry hasap etmeýärdi. Oňa-muňa ýaramaz ýaly derejä ýetendirin öýtmeýärdi. Dyzynda-da, bilinde-de, aňynda-da entek ýeterlik kuwwat duýýardy. Şeýle-de bolsa, oglunyň özüne aýawly garamagy, atasyna derek özüni öňe tutmagy oňa ýarady. Ruhuna hoş ýakdy. Şonuň üçinem, ogluna söýünçli garap hoşwagt ýylgyrdy.

– Bor oglum, özüň ötägit.

Ýöne, Jüneýit handyr – Eziz hanyň ýanyna hiç kimem gitmeli bolmady. Ataly-ogluň arasynda ýokarky gürrüňiň bolup geçen gününiň ertesi, günortanaralar, ýanynyň üç-dört atlysy bilen Ojar geldi. Entek atdanam düşmänkä, otyrýerini eýere ýanyn goýup oturşyna ol Ruhy batyra tarap gözlerini çerreltdi-de, şol bir badyhowalygy bilen:

– Eziz han gyzyllardan arasyny açdy. Sebäbi, iňlisler bilen baş goşup, gyzyllaryň garşysyna göreşýän aklar, ýagny, öňki ak patyşanyň tarapyny tutýanlar pitne turzup, Aşgabat-Çärjew aralygyny eýelänlerinden soň, şol işde eli bardyr öýdüp, Eziz hanyň Daşkende we pronta iberilen nökerlerini duran-duran ýerlerinde ýaragsyzlandyrdylar. Üstesine onuň özüne-de ynamsyzlyk bildiripdirler. Şonuň üçinem, ol indi Dykma serdaryň bir wagtky ak patyşa girew goýup gaýdan ogly, aklaryň külli türkmen topragy boýunça goşunbaşlygy Oraz serdara goşuldy. Düýn-öňňinlikde Büzmeýinde türkmen topragyny orslardan halas etmek boýunça Merkezi türkmen edarasy döredildi. Oňa «kemitet” diýýäler. Onuň wezipesi orslaryň garşysyna göreşmek üçin türkmenleri bir ýere jemlemekden ybarat. Onuň başlyklygyna-da Oraz serdaryň özi bellendi. Eziz hanam onuň sag goly boldy. Iňlislerem hüli-şindi ýetdik kömeklerini berip durlar. Mundan buýana hem kömek etjekler. – Öňbaýraga ugrajak ýaly Ojar üzeňňä galdy-da, gamçysyny allaowaralara tarap çommaltdy – Tüýs, seniň barmaly ýeriň şol, batyr aga. Adamlaryňam al-da, ýör, şo tarapa!..

Ruhy batyr baryp Ojaryň atyny jylawlady.

– Atdan düşjekmi ýa şol oturan ýeriňden habaryň berjek gaýdyberjekmi?

– Oh!.. – diýdi-de, Ojar atdan agyp düşdi. Ýoldaşlaram şeýtdiler. Ruhy batyr, Umyt, şeýle hem ondan-mundan gelşip ugran goňşy-golamlar bilen el urşup salamlaşdylar. Ojar sözüni dowam etdi. – Men olara sen hakda kän gürrüň berdim, batyr aga. Gelsin diýdiler. Onsoňam... O ýerde...

– Dur, dur – diýip, Ruhy batyr onuň golundan tutup öýe saldy. Ýoldaşlarynam saldy. Birküç sany ýetginjege myhmanlaryň atlaryna ot-suw bermekligi tabşyrdy.

Gara öýüň içinde ýerleşdirip ýörşüne Ojara sorag berdi. – Sen aýdýaň, Oraz serdar aklaryň ýolbaşçysy diýýäň. Şeýlemi?

Ojaryň hüwüniňkä meňzeş tes-tegelek, ullakan, nas pürkülen ýaly ýap-ýaşylja gözleri yzly-yzyna açylyp ýumuldy.

– Howwa...

–Ýene-de... Merkezi türkmen ýemesi diýýäň.

– Türkmen kemteti.

– Howwa, kemiteti. Oňa-da Oraz serdar ýolbaşçy bellendi, diýýäň.

– Howwa...

– Şeýle hem ol iňlisler bilen işleşýä, diýýäň.

– Dogry.

– Diýmek, olar üç topardan ybarat-da, şeýlemi.

– Hut şeýle.

– Biri-hä türkmen nemesi...

– Kemiteti.

– Ikinjisem aklar...

– Howwa.

– Üçünjisem iňlisler.

– Howwa.

– Şol üçüsi birigip gyzyllara garşy göreşjekler, şeýlemi? Me n seniň aýdanlaryňa dogry düşünipdirinmi?

Ojar dodaklaryny ýalap howlaukmaç gürledi.

– Göreşjekler däl-de göreşip ýörler.

– Diýmek, onda olar ýene-de ak patyşany dikeltmekligiň ugrunda-da... Gyzyllary ýeňenlerinden soň olar ýene-de ak orslar bilen galmaly-da? Öňki-öňkülik bolmaly-da? Şeýle dälmi?...

Ojar näme jogap berjegini bilmän aljyrady. Ýüzüni iki-baka sypajaklatdy. Birdenem awy elinden sypyp barýan awçy ýaly alahasyrdy bolup iki dyzyna galdy-da, sesiniň ýetdiginden gygyrdy.

– Ýak, he-eý, baryň-da özüňiz gürleşäýseňizläň şolar bilen galanynam. Meniň dogry gepläbilmän käbir zatlary bulaşdyrýan bolaýmagymam ahmal.

– Hemme zat düşnükli, Ojar. Şu hili gürrüňler bize üzlem-saplam sensizem gelip ýetip dur...

Ruhy batyr sözüni soňlamanka Ojar ýene-de ellerini galgadyp başlady...

– Onsoňam neme... Olar Jüneýit han bilenem gepleşik geçirip ýörler...

Ruhy batyr kinaýaly ýylgyryp ýüzüni kese sowdy.

– Jüneýit hanyň hereketlerindenem habarymyz bar... Ýöne... – Ol aýtjak sözüni tassyklatmakçy bolýan ýaly, ilk-ä Durdy batyryň, soňam edil şol wagt eli saçakly gapydan giren Enehakydanyň ýüzüne seretdi. – Biz barybir adam iberip olar bilen gepleşmekligi maslahat edip ýördük. Şonuň üçinem, seň ýaňky diýeniňi biz etmeli borus. – Şondan soň Ruhy batyr Umydyň ýüzüne seretdi. – Ikimiz bile gitmesek bolmaz, oglum...

– Bor, kaka...

– Sen näme, mensiz giderin öýdýäňmi – diýip, Durdy batyr dodaklaryny müňküldedip oturşyna aýtdy.

– Hiý, sensizem bir gidip bormy?

Ojar çaga ýaly begendi. Göm-gökje gözlerini tegeläp oturşyna nahar başynda-da dynman gürledi.

– Men siz barada Eziz hana-da, Oraz serdara-da aýtdym, batyr aga. Olaryň ikisem sizi gaýybanaňyzdan tanaýan ekenler. Adyňyzy eşitdenden: «Gelsin, ýigitlerinem alyp gelsin. Bize tüýs şolar ýaly adamlar gerek. Iň bolmanda aramyzda ýaşulylyk edip ýörse-de bir peýda”, diýişdiler. Olar size edil Aýa, Güne garaşyşlary ýaly garaşýarlar...

Ruhy batyr uludan demini aldy.

– Hany, öňürti özümiz bir baryp göreli. Ýigitlerem äkitmelimi, dälmi, soň görübiris...

Şol günüň ertesi Ruhy batyr ýanyna Umytdyr – Durdy batyry hem alyp, Ojaryň ýoldaşlary bilen bilelikde ýola düşdi. Gerekli daşy eline düşen Ojar, ýolboýam hiç kime gezek bermän gürledi gitdi oturdy. Oraz serdaryň, Eziz hanyň tutumlaryny öwdi. Olaryň ýumuşlaryny bitiribilmän yzyna, boş gaýtmaly bolmandygy, Guşly batyr ýaly meşhur adamy olaryň ýanyna hut özüniň alyp barýandygy üçin öz ýanyndan buýsandy.

### 16. Ruhy batyryň Oraz serdardan göwni suw içmeýär

Ruhy batyr öňürti Aşgabada baryp Oraz serdar bilen duşuşdy.

Şol wagt Aşgabatdan tä, Çärjewe çenli häkimiýet aklaryň ellerine geçen ekeni-de, Oraz serdaryň howalasy gaty belent ekeni. Ruhy batyry ol uly höwes bilen kabul etdi. Ýurtdaky syýasy ýagdaýlar bilen tanyşdyrdy. Köp zatlary düşündirdi. Daşary ýurtlaryň kömek edýändikleri, olar bilen birigip basym gyzyllary ýurtdan çykaryp kowjakdyklary barada öň Ruhy batyryň eşide-eşide bizar-peteňi çykan zatlaryny ýene bir gezek çintgäp-çintgäp gürrüň berdi. Ruhy batyr ony tä gepläp bolýança, sözüni bölmän, üns bilen diňledi. Soň öz pikirini mälim etdi. Birini kowup onuň

ýerine başga birini getireniň bilen ýagdaýyň üýtgemejekdigini, göreşi düýbünden başgaça alyp barmalydygyny aýtdy.

– Siziň diýýänleriňiz dogry, batyr aga – diýip, Oraz serdar onuň bilen ylalaşdy. – Ýöne, her zadyň öz ýagdaýy bar. Syýasatda käte duşmanyň bilenem belli bir menzile çenli bile gitmeli bolýar. Biziňkem şeýle. Iň bolmanda häzirlikçe şeýtmesek bolmaýar. Ýöne... – Oraz serdaryň ýüzi göz-görtele üýtgedi. – Ýöne, ine, ýaman dert özüňkiler bilen dil tapyşmak kyn... – Ol näme üçindir barmaklaryny büküp başlady. – Mende häzir bäş müň atly bar. Bütin ak gwardiýaçylar, iňlisler maňa gulak asýarlar. Has takygy olaryň hemmesi meniň elimde. Olar bilen halkyň adyndan gepleşikler geçirýänem men. Türkmen milli han-töreleriniň Büzmeýinde geçirilen gurultaýyny gurnanam, oňa Eziz hany çagyranam özüm. Şonda men oňa: Eger sen öz nökerleriň bilen meniň otrýadyma goşulsaň, seniň hanlygyňy baýlaram, garyplaram ykrar ederler, diýdim. Sebäbi, tarapyna geçenem bolsa, söwet häkimeýeti oňa doly ynam etmedi. Biziň basyşymyz güýçlenen güni, sowetler gorkularyna onuň fronta we Daşkende iberilen atlylaryny ýaragsyzlandyrdylar. Şonuň üçin ol birbada meniň aýdanlarym bilen ylalaşdam. Gelip bize goşuldam. Emma ol biziň buýruklarymyza, görkezmelerimize boýun bolmaýar. Gyňyrlyk edýär. Nökerlerem şeýle. Iň ýamany olar biziň gyzyllara garşy geçirýän çärelerimize gatnaşmakdanam boýun towlaýarlar. Eziz han häzirem bizden öýkeli. Siziň yzyňyzdan adam iberenimizde-de ol şu ýerdedi. Düýn-öňňünlikde gitdi. Megerem, ol häzir Tejende, Ak alaňda bolsa gerek. Jüneýit hanam şoň ýaly. O-da atyny ýeke çapýar. Bar bileni-biteni Hywa, Bedirkent, Daşhowuz. Sowetler bilenem ha dost, ha duşman. – Oraz serdar kükregini ýelden doldurdy-da, elini depesinde aýlap goýberdi – Biz basym tutuş Türküstany eýeläris. Sebäbi, biziň arkamyzda Eziz han, Jüneýit han ýaly gaçyp-tezip ýören ujypsyzja toparlar däl-de, Angliýa ýaly uly döwlet dur... Ýeňiş gazananymyzdan soň bolsa...

Ruhy batyr ony şondan aňry diňläp oturyp bilmedi.

– Aý, ýok, siziň munyňyzyň soňy görnenok, serdar. Ýeke bir soňam däl, başam bulaşyk... Umuman... Bu zatlar biziň garaşýan göreşimiz däl ekeni.

Oraz serdaryň bady gaçdy, ýüzi agardy.

– Biz diýýäniňiz kimler?

– Biz diýýänim ýeňilmedikler. Gala söweşinden soňky baknalyga boýun bolmadyklar. Basybalyjylara boýun egmedikler. Olara ýaraglaryny tabşyrmadyklar eden şertlerinden, ähti-peýmanlaryndan dänmedikler. Hiç haçanam dänmejekler. Erkinlik ugrundaky göreşden başga göreşi göreş hasap etmeýänler we etmejekler.

– Gumlularmy?

– Howwa.

Gürrüňiň bir ujynyň baryp öz kakasyna, galyberse-de ýaşlygyndan ak patyşanyň ekdisi bolup ösendigi üçin özüne direýändigini aňynda aňlan bolsa gerek, Oraz serdar gyzaryp aşak bakdy, ýüzüni iki-baka sypajaklatdy.

– Ondan bäri köp wagt geçdi, batyr aga... Döwür üýtgedi. Syýasat düýbünden başga tarapa ugur aldy. Durmuşyň talabam...

– Wagtyň geçmegi, döwrüň üýtgemegi, syýasatyň başga tarapa ugur almagy bilen ant-şert öz güýjüni gaçyrýan däldir. Egerde gaçyrýan bolsa, onda ol şert ýalandyr. Aslynda içilişinde derek ýokdur. Belki, gala-da şonuň üçin synandyr.

– Siz ant içmänsiňiz ahyry.

– Howwa, men ant içemok. Men bu ýolda içen antymyň däl-de, ýüregimiň emri bilen gezip ýörin. Içen antyndan dänmezlik üçin şu ýola düşenlere baş bolup ýörün. Biziň nesillerimizem şol ýoly saýlap aldylar. Biziň üçin indi başga ýol ýok. Biz diňe doly erkinlik ugrunda alnyp baryljak göreşiň tarapdary. Birini kowup, ýerine başga birini getirmek biziň maksadymyza laýyk gelmeýär. Biz göreşiň bir ýoluny bilýäris , o-da ýurt azatlygy, garaşsyzlyk ugrundaky göreş .

– Siz örän kyn ýoly saýlap alypsyňyz, batyr aga. Öňüňizde duran güýjüň iňňän uly güýçdigini henizem duýmaýşyňya haýran galýan.

– Maksatdan uly güýç bolup bilmez.

– Ol güýç howaýy. Salgym. Şonuň üçinem, siziň göz öňüne getirýän göreşiňiz hiç haçan bolmaz, amala aşmaz.

– Aňda ýaşaýan zat ahyry bir gün amala aşar.

– Munyňyza bolsa ylmy dilde ýönekeý filosofiýa diýilýär. Siz oňa düşünmersiňiz. Utopiýa diýseňem boljak, ýöne.

Ruhy batyr gapa tarap ýöneldi.

– Mümkin. Ýöne, düşünşime görä, siziňem ýagdaýyňyz meniňkiden gowy däl. Öz patyşasyny ýykyp häkimeti eline alan güýç size-de hezil bermez. Senem hä diýmän ýa meniň yzym bilen guma bararsyň, ýa-da Eziz han bilen Jüneýit hanyň araky bolşy ýaly özüňi daşary ýurtlaryň birine atarsyň... – Ruhy batyr Oraz serdara elini uzatdy. – Indi bolsa hoş gal. Men senden gaty göremok. Sen öz düşünjäňe görä hereket edýäň. Hut şonuň üçinem, bir halkyň ogludygymyza garamazdan, biz bir dilde gürläp bilmeýäris. Jüneýit han bilen, Eziz hanyň bolsa göreş çygry biziň göz öňüne getirşimizden darrak görünýär.

Oraz serdar Guşly batyr bilen agyr oý astynda hoşlaşdy.

– Sizem menden gaty görmäň batyr aga... durmuş ýoly uzakdyr, belki ýene bir ýerde gabatlaşarys...

– Bilmedim-dä...

Ruhy batyr daş çykdy. Ojar oňa gapynyň agzynda garaşyp duran ekeni. Eziz hanyň Oraz serdardan öýkeläp gidenini o-da ýaňyja eşiden borly, atylyp gelip Guşly batyryň alkymyna dykyldy. Özi bilen Eziz hanyň ýanyna gitmekligi haýyş etdi. Emma muňa Ruhy batyr göwnemedi. Çünki, indi onuň Oraz serdardanam, Eziz handanam, Jüneýit handanam göwni geçipdi. Olaryň hiç haýsyndanam tamasynyň çykmajakdygyna, bu üç serkerdäniň arasynda ‘kethudalyk gaýgysy” diýen ýaly göze görýnmeýän sowuk bir basdaşlygyň höküm sürýändigine, ol doňuň hiç haçan çözýlmejekdigine ymykly göz ýetiripdi. Şonuň üçin ol Ojara-da sypaýyçylykly jogap berdi.

– Ýok, inim, men indi hiç ýana-da, hiç kimiň ýanyna-da gitmäýin. Sen ýöne, islän wagtyň salama geliber, gapymyz açykdyr.

Ojar gurak-gurak ýuwdundy.

– Eziz hana  men näme diýeýin?

– Hiç zadam diýme. Nirede bolsa-da jany sag, başy belent bolsun.

Ojar gözýaşyny gizlemek üçin aňyrsyna öwrüldi. Bärsine gözlemänem gitdi. Aýaklaryny ýerden süýräp, ýegşerilip barşyndan onuň ara düşen aýralyga gynanýandygy bildirip dur.

Oňa çenlem Umyt kakasynyň atyny idip getirdi. Sessiz-üýnsiz jylawy eline tutdurdy.

Dostunyň içki harasadyny daşyndan aňan Durdy batyram sesini çykarmady. Ondan hiç zat soramady.

Ruhy batyryň özem gabaklaryny galdyrman atyna mýndi. Başy guma tarap öwrülip, böwrýne-de çalaja debsilenen at ýüzi guma tarap öwrülenden uçganaklap ugrady. Durdy batyr bilen Umydyň atam onuň bilen boýun deňläp gitdiler. Gaty bir zerurlyk ýüze çykaýmasa, Hakguýa çenli bolan ýakyn bolmadyk aralygy dil ýarman diýen ýaly geçirdiler. Düşlän pursatlaram oňly söz alyşmadylar. Sessiz-üýnsiz çaý içdiler, çörek iýdiler, soň ýene-de ýollaryny dowam etdiriberdiler.

Uly arzuwlar bilen Hakguýudan çykan adamlar şeýdip, yzlaryna iňňaän sus halda gaýdyp geldiler.

Adamsynyň içki harasadyny ýüzünden aňan Enehakyda-da oňa artykmaç sorag bermedi. Asylam Ruhy batyyrň tebigaty şeýle. Aladaly wagty sorag bermek, ýüregine düşmek bolanok. Şeýdiberseň halanok. Tä, özi açylyşyp, özi söze başlaýança garaşmaly. Muny kim bilmese-de Enehakyda gowy bilýär. Şonuň üçinem sesini çykaranok.

Durdy batyr-a atdan düşüşi ýaly jylawy Umyt bilen deň-duşrak agly Ýaranyň eline tutdurdy-da, öňünden ylgap çykan aýaly Näzigiň soragly nazaryna ünsem bermän, öýüne girdi, eşiklerinem çykarman dula geçdi we şol ýerde süýndi. Arkan düşüp

çäkmeniniň syýnyny ýüzüne ýapdy, soň çepine öwrülip sag eliniň goşaryny maňlaýyna goýdy, ondan soň sagyna öwrüldi, soň ýene arkan ýatdy, ýüzün düşdi, emma barybir ynjalyp bilmedi. Tarsa ýerinden turup dik oturan we ýaňadandan süýnen gezeklerem az bolmady.

Umydam atlary ýatakda ýerleşdireninden soň öz öýüne girdi-de, aýaly Dünýäniň beren salamyny göwünli-göwünsiz alyp, ojagyň başyndaky kiçiräk keçäniň üstüne geçdi. Uzak wagtlap ojaga seredip oturdy. Ahyram gyşardy. Ýöne, o-da uklap bilmedi.

Üç sagada golaý dynjyny alanyndan soň Ruhy batyr ýerinden galdy-da, geleli bäri aýagujynda aýaklaryny owkalap oturan aýalynyň ýüzüne seretdi. Esli wagt şeýdip oturanyndan soň, Oraz serdar bilen bolan gürrüňçiligi oňa başdanaýak aýdyp berdi. Soňundanam:

– Men-ä indi şü, hanly, serdarly gürrüňlerden halys irdim, tamamy üzdüm – diýdi. – Çünki, baran ýerlerimizde-de eşiden habarlarymyza görä Jüneýit hanam edil Eziz han ýaly kä iki, kä üç arada serimsal bolup ýörmüşin. Öz obasy Berdirkentde iliktrik astansyýasyny gurdurjakmyşyn, özbaşyna pul çykarjakmyşyn diýen ýaly gürrüňler çyn bolup çykaňsa dagy-ha ol oturan ýerinden ömürem gozganmaz. Mahlasy, olaryň üçüsiniňem göreşleri ownuk. Üzlem-saplam. Çygyrlary dar. Gerimleri giň däl. Iň ýamanam hersi birine elgarama. Göreşiň tutumy milli häsiýete eýe däl. Hemmesiniňem aňynda şol bir pikir: ähli türkmen bir ýere birikdirilip, bitewi bir döwlet dörediläýen ýagdaýynda kim ýurda baş han bolmaly? Ýurdy kim edara etmeli? Kim-kime boýun bolmaly? Şol orunda olaryň hersi özüni görýä, diňe özüniň şol orna mynasypdygynyň eýýämden ykrar edilmegini isleýä. Dogry, şeýlekin alanyňda hemmesem gowy, olaryň giren göreşine her bir öňýeten giribem bilmez. Ýöne, barybir hiç birem biziň göz öňüne getirýän adamlarymyz däl. Olaryň hiç birem hiç haçan biziň garaşýan göreşimizi giň gerimde ýaýbaňlandyryp bilmezler. Ýeri, bäş oýnam baýyň elinden gallasyny alyp on öýli garyba paýlanyň bilen ýurdy baknalykdan halas etdigiň bolarmy diýsene. Ol ýerde gallasy alynýanam, gallaly bolýanam ýene öz türkmeniň. Öz halkyň. Depgilenýänem, basgylanýanam öz topragyň. Däriň ysyndan ýaňa zaýalanýan öz howaň. Gönenýän bolsa ýene-de kesekiler.

Enehakyda adamsyny tä soňuna çenli, sesini çykarman diňledi. Esli wagtlap aşak bakyp oturdy. Ahyram gabaklaryny galdyryp, indi birneme şöhlesi gaçyşan goňras gözlerini adamsynyň ýadawlykdan, ünji-aladalardan ýaňa ak esgä dönen argyn ýüzüne dikdi.

– Men saňa düşündim, Ruhy. Sen dogry aýdýaň. Uly iliň aladasyny araýan adam beýdip, ýaramaz heleý ýaly her gün bir kes bilen baş goşup ýörmez. Olar ýaly ownuk göreşiň bize geregem ýok. Biz düýpli öwrülişik edibiljek, halka öňki

erkinligini äberibiljek, ähli türkmen taýpalaryny bir ýere jemläp özbaşdak döwlet döredibiljek adama garaşýas. Mundan buýana hem şoňa garaşarys...

Şol wagt gapydan giren Umydam, Durdy batyram onuň bu sözüni baş atyp makulladylar. Ähli guýulara ýaraglaryny ýygnap goýmak, täze bir habar düşýänçä öz gün-güzeranlary bilen meşgul bolubermek barada habar ýaýratmaklygy maksada laýyk gördüler.

Aklardanam, iňlislerdenem, Oraz serdaryň özündenem göwni geçen Eziz hanyň 1919-njy ýylyň ýazynda indi ikinji gezek sowetleriň tarapyna geçmekçi bolup ýören wagty, ak gwardiýaçylar tarapyndan tutulyp, «galtaman"hökmünde gara ýöňkelip atylandygyny, şol ýylyň aýagynda bolsa Oraz serdaryňam ýurtdan çykyp gidendigini eşidenlerinde welin, olar barybir erbet gynandylar. Şonda Ruhy batyr, öz gaşynda ojaga ot salyp, çig odunyň tüssesine üsgürinjiäp oturan Enehakyda bakyp oturşyna uludan demini aldy-da:

– Birneme öçügsiräk hem bolsa, olar Garagum çölüne umyt şöhlejiklerini saçyp duran sanlyja ýyldyzlardylar. Türkmen halkynyň entek bütinleý läşe öwrüläýmändigini dünýä ýüzüne äşgär edip duran gerçeklerdiler. Her niçik hem bolsa, netijesi puç bolup çykan hem bolsa, basdaşrak, syýasy taýdan dar düşünjeliräk bolsalar-da, olar özleriniň ýaş ömürlerini, ýagşy niýetlere sarp edipdiler... – diýdi.

Ol: «Ýaş ömürlerini" diýmek bilen esasan Eziz hany göz öňüne tutupdy. Çünki, ak gwardiýaçylar tarapyndan ömür tanapy kesilen wagty, Eziz han ýaňy bir otuzdan agan jahyl ýigitdi. Aýtmaklaryna görä ol atyljak wagty kükregini açypdyr-da: «Göni ýüregimden atyň" diýip gygyrypdyr.

## 17. Köne tanyş

1919-njy ýylyň güýz aýlarynyň bir güni, günortanaralar, Hakguýunyň gaýra çetini ýakalap ýatan aňňat-aňňat gum depelerinň arasyndan edil ýerden çykan ýaly bolup, bir bölek atly goşun göründi. Ony öňi bilen gara öýüň gamyşyna ýaplanyp, güýz gününiň güneşine meýmiräp, öten-geçenleri ýatlap oturan Ruhy batyr gördi. Ini ýakymsyz bir zady syzan ýaly haýallyk bilen ýerinden turdy-da, yzam bar bolaýmasyn diýýän ýaly boýnuny süýndirip goşunyň üstaşyry alyslara garady. Iri-iri sazaklardan aýlanan agylyň içindäki ýaraman sürüden galan lagar mallara ot-suw bermek, goturakyraklarynyň endamyna çör gaýnadylyp alnan garaýag çalmak bilen meşgul bolup ýören Enehakydany ýanyna çagyrdy. Oňa özlerine tarap süýşüp gelýän goşuny görkezdi. Şondan soň olaryň ikisem sessiz – üýnsiz şol tarapa garap duruberdiler. Tiz wagtdan bulara öýden başyny silkip çykan Umydam, onuň aýaly Dünýä-de gelip goşuldy. Bir zada ünsli seredýändiklerini görüp, agylyň yk

tarapynda akja owlak bilen kowalaşyp ýören, on üç ýaşlaryndaky Arzuwam bulara tarap ylgady. Oýna mazaly kellesi gyzan owlajygam «mäläp” onuň yzyna düşdi. Tomaşakärlere Durdy batyryň aýaly Näzigem gelip goşuldy. Durdy batyryň özi ol wagt guýuda ýokdy.

Umyt assyrynlyk bilen gelniniň gabarylyp duran garnyna seretdi.

– Dünýä, bar sen Arzuwam al-da, öýe gir.

Oglunyň bu sözüni Ruhy batyram goldady.

– Umyt dogry aýdýar, gelin, bar sen gyzyňam al-da öýe gir. Nä wagt, nä zamana, bularyň kimdiklerem belli däl. Ýöne, dowla düşme. – Soň ol eýýämhaçan o ýerinden, bu ýerinden çyr-çykylyk, «haý-waý” eşidilip ugran tutuş hatara eşidiler ýaly edip hemleli gygyrdy. – Hiç haýsyňyzam dowla düşmäň! Öýli-öýüňie giriň-de, çykman oturyň! – Soň ol Näzige ýüzlendi. – Bar, senem öýüňe gir. Entegem hiç zatdan bihabar, kimsi gurtdyr-gatygyň, kimsi biş-düşüň, ýene biri kir-kimiriň aladasy bilen hysyrdanyşyp ýören aýallardyr, beýikden-pese inip, pesden – beýige dyrmaşyp gara öýleriň işiginden okkesdirme geçişip ýören oglan-uşaklaram Ruhy batyryň sesini eşidenlerinden duran-duran ýerlerinde çalarak diňtirgendiler-de, ur-tut öýli-öýlerine girmek bilen bodular. Näzigem gitdi.

Dünýä hem gyzynyň elinden tutup öýe girdi. Owlajygam şol tarapa towsaklap gitdi. Ýöne, öýüň bosagasyndan bökjek bolanda aýagy çolaşyp ýykyldy. Kakynyp ýatyşyna zaryn-zaryn mäledi. Ýarpy göwresini gapydan çykaran Arzuw eglip ony eline aldy. Öýe saldy. Arka-boýnuny sypalaşdyrdy.

Şondan soň hatara ümsümlik aralaşdy. Oňa çenli atlaryň ýaltalyk bilen burunlaryny «parryldadyşlary”, üzeňňileriň «şyňkyldysy”, hümür-sümür eşidildi. Kem-kemdenem golaýlaşdy. At aýagyndan göterilýän tot- tozan Hakguýuny gaplap aldy. Howada topragyň guraksy, mal deriniň ajymtyk ysy peýda boldy.

Oňa çenli örä giden çopan-çoluklardanam taýklaryny galgadyşyp gelenleri boldy. Olar ur-tut ýaraga ýapyşmakçy boldular. Ruhy batyr olaram saklady.

– Bäş üç sany tüpeň bilen giden goşuna kär edip bolmaz. Onsoňam hany, habarlaryny bir alaly, belki, suw-söl içip geçjekdirler. Belki-de azaşyp ýörendirler.

Göwşüllän harby geýminiň, ýagyrnysy derden ýaňa besse-besse bolup duran, göwresine görä has uly görünňän kellesindäki gyzyl ýyldyzly papagyny ýeňsesine süýşürendigi sebäpli güýz günüdigine garamazdan maňlaýyndan burçak-burçak der akyp duran ýüzi çypar, aýaklary kelte bolansoň göwresi juda tagaşyksyz görünýäm, altmyşdan geçendigini güne göýdük bolan mýrşük ýüzündenem aňaýmaly ofiser guýa golaýlaberenden üzeňňä galaga-da, yzyna gaňryldy we çep elini dik ýokary göterdi.

– Ostanawi-i-is!..

Atlylar öňli-soňly saklandylar. Şonda goşun edil derýa deý tolkun atdy. Ondan-mundan soldatlaryň özara sesleri eşidildi. Kem-kemden gowura öwrüldi.

Ruhy batyr belentlikden dýşdi-de, ofisere tarap howlukman gadam urdy. Enehakyda hem onuň yzyna düşdi. Ol ikisiniň özüne tarap gelýänini görüp, komandirem atyndan düşdi. Elindüki jylawy özi bilen deňine diýen ýaly atdan düşen soldatyň eline tutdurdy. Gybyrdyklap Ruhy batyryň öňünden çykdy. Iki elini uzadyp görüşdi.

– Omanmy ssen? Isenmi ssen? Ýakşymy? Kurkunmy? – diýip, geň bir dilde gürledi. – Biz suw içmek... – Ol elini goşuna tarap salgady. – Adamlar suw içmek... Atlar suw içmek... Soň biz gitmek...

– Siz gyzyllarmy – diýip, Ruhy batyr sowukganlylyk bilen sorady.

– Da, da! Biz kyzyl. Kyzyl koşun. Lenin... Ponimaýte?.. Sowetskaýa wlast... Bolşewiki... Rewolýusiýa...

– Siz nireden gelip nirä barýarsyňyz?

Ofiser barýan ugruna tarap elini salgady.

– Ol ýerde duşman bar. Kaltaman... Basmaç... Biz ony kowmak... Urmak. Ponimaeýete?..

– Siziň galtaman, basmaçy, duşman diýýänleriňiz kimler?

– Duşman? Kaltaman? Basmaç? Eto te kotorye ne hotýat sowetskoý wlasti. Olar aklar dosty. Ingliz dosty. Duşdummy? Olar ýok boldy... – Ofiser sag eliniň başam barmagyny taýzardyp Ruhy batyra tarap uzatdy. – Hammusy, zat «wo” boldy!

– Ýurt eýeleri duşman, basmaçy, galtaman boldular, bularam ýurduň tertip-düzgünini düzedýän boldular – diýip, Ruhy batyr özbaşyna diýen ýaly gürledi. Komandir muny barybir eşitdi. Ýöne, çalarak eşitdi, düşünmedi. Şonuň üçinem ol”

– Da, da! Toçno tak! Porýadok boldy, ýakşi boldy. Sen ýakşi ýaşady, men ýakşy ýaşady... – Ol «ýyrş” edip Enehakydanyň ýüzüne seretdi – Ol ýakşy ýaşady, hammusy ýakşy ýaşady. Tak hoçet Lenin... Poetomu i rewolýusiýa...

– Bu geň adamyň özündenem geň çalgyrt diline geň galyp, ýüzüne çiňerilip duran Enehakyda birdenkä oňa tarap öňküsindenem üýtgeşik bir üns bilen üşerildi-de:

– Hi-iýh!.. – etdirip içini çekdi. Ýakasyny tutdy. Bir ädim öňe süýşüp ony ýene bir gezek içgin synlady. Soňam gaňrylyp äriniň ýüzüne seretdi. – Ruhy-y... Bu şo-ol, sallat ýaly-la?.. – Ol ýene-de öwrülip ofiseri alkymlady – Sen sallatmy?

Myhman onuň soragyna düşünmedi.

– Ýuk, men soldat däl. Men ofiser. Komandir. – Ol elini goşuna tarap aýlady. – Wo! Soldaty ine, şular... A ýa komandir. Krasnyý komandir.

– Sen haýsy sollat barada soraýaň, Enehakyda – diýip, Ruhy batyram aýalynyň ýüzüne soragly bakdy. – Ýa sen ony birine meňzedýäňmi?

– Ýok, men ony hiç kime meňzedemok. Bu şol. Sallat. Ho-ol, birinji gala urşundan soň, ikinji gala urşuna çenli biizň öýümizde, ýesirlikde bolan sallat. – Ol gör indi näçenji gezekdir kmandiriň ýüzüne dikanlady. – Sen şol gerek?

Dünýä rewolýusiýasy barada ýaňy bir uly joşgun bilen gürläp başlan komandirem şondan soň sesini «tapba” kesdi-de, ete bökjek pişik ýaly ýapyrylyp Enehakydanyň ýüzüne seretdi. Bir zatlary ýadyna saljak bolup aňyna agram berdi. Kem-kemdenem ýüzi üýtgäp başlady. Ak kirpikleri çalt hem üznüksiz gypyrjyklady. Maňlaýy, ýaňaklary gyzgylt öwüsdi. Ýüzüniň menekleri öňküsindenem köpelen ýaly boldy. Birdenem dikeldi-de, damarlak hem uzyn barmakly elleri bilen ullakan kellesini penjeledi. Jaýryklary ganjaryp duran guraksy, galyň dodaklaryny üsti ap-ak, gyzgylt dili bilen ýalady. Soňam:

– O, bo-оže-e!.. – diýip, ýogyn sesi bilen eýmenç gygyrdy. – Neuželi Ene? – komandir Enehakyda tarap barmagyny çommaltdy – Sen Ene? Ty Ene da? – Ol gujaklaşmak üçin däl-de, begenç duýgularynyň iňňän joşgunlydygyny alamatlandyrmak üçin gollaryny giňden gerdi. – Da! Ty Ene! Ene! Ene-e-e!!!.. – Sesiniň soňy paýawlap ýetişmänkä-de özüni Enehakydanyň aýaklarynyň aşagyna oklady. – Ene! Men seni gözledi! Gökdepe gözledi, Aşhabat gözledi, no, tapmady. Köp-köp sorady, opýat tapmady. Men seni wsegda ýatlady. Tam sebýa w dome tože ýatlady. – Komandir hasanaklap ýerinden galdy-da, ellerini asmana serdi. – O bože! Spasibo tebe! – Şondan soň, ol Ruhy batyra tarap eňegini taýzartdy. – Ene, bu senki adam? Muž? – Enehakyda çalarak başyny atandanam Ruhy batyry alkymlap uly şowhun bilen sözüni dowam etdirdi. – Ponimaýte?.. Geok-tepe.. Kala... Uruş... Men ýaraly... Men ýesir... Plennyý... – Komandir Enehakyda tarap tutuş göwresi bilen owsun atdy. – Ene... potom Baýramgül daýza... Ýeşe Molla aka... Hammusy meni saklady... Bejerdi. Woobşem leçili... Men ýakşi boldy... Soň Skobelew keldi, men kitdi. Rossiýa bardy, bolşewik boldy, rewolýusiýa gatnaşdy, göreşdi, sizi uran ak patyşany ýykdy, potom opýat Türküstan geldi. Za wlast sowetow göreşdi. – Çägä oýkalandygy zerarly çaňjaryp duran maňlaýyny ol ýene-de Enehakyda tarap öwürdi. – Men seni gözledi, potomu to saňa: seňki galany ýykan ak patyşa indi ýok, diýmek isledi. Seňki begendirmek isledi. Men sen üçin gyzyl boldy. Sen üçin rewolýusiýa etdi. Za Geok-tepe ar aldy. Men indi seni gördi, maksat ýetdi. Ors patyşa kotoryý zawoewal Ahal, indi ýuk. – Ol şatlykly, ýylgyryp gollaryny gerdi – Kuku!..

– Adam pahyr ölmese ahyr bir gün birek-birege dahyl boljak ekeni-ow... – diýip, Enehakyda başyny ýaýkap durşuna öz-özi bilen gürleşýän ýaly ýuwaşja seslendi. Bir wagtlar öz öýünde ýesirlikde bolan, indem uly goşunyň öňüni tartyp,

ikinji gezek Ahala ot sowrup, gylyç syryp gelen Aleksandr Iwaşowyň, ýüzüne ynjyly garady. – Sen meni begendirmek isleýärsiň, sallat, azatlyk getirdim diýýärsiň. Hany ol seniň getiren azatlygyň? Ak patyşa diňe galanyň içini gassaphana öwüren bolsa, seň diýýän hökümediň tutuş Garaguma gan çaýkady... Men munuň nämesine begeneýin?

Iwaşow onuň aýdanlaryna doly düşünmese-de, garaz, manysyny aňdy.

– Ni,ni, biz ýakşi. Kyzyl ýakşi. Dlýa sowetskoý wlasti baý, karib, hamusy bir deň. No, baýem sowetskiý wlast ne nužen. Olar indliz dosty. Indliz olary ol türkistany aljak isledi...

– Siziň hemmäňiziňem niýetiňiz şol, sallat. Siziň hiç biriňizem bu ýere türkmeniň gününi gowulandyrmak üçin geleňzok. Öz bähbidiäizi arap gelýäňiz. Siz öňki gezek geleniňizde-de, şu gezek geleniňizde-de şol maksat bilen geldiňiz. Size ýer-ýurt, mal-mülk, aňsat gazanç, mugt eklenç, baýlyk, gul, hyzmatkär, goýun eti, haly, at gerek. Reňkiňiz üýtgese-de, pygly-päliňiziň şol bir durşy. Ak patyşanam siz biziň üçin däl-de, tagtyna özüňiz çykmak üçin ýykdyňyz. Ak patyşa bakna boldy, gyzyl patyşa bakna boldy, türkmen üçin tapawudy ýok – Enehakyda bir ädim yza süýşdi-de, öňküsindenem has dözümliräk gepledi. – Ýok, sallat, bize siziň bu zeýilli azatlygyňyz gerek däl. Biz ak patyşanyň raýatlygynam kabul etmedik, gyzyl patyşanyňkynam etmeris. Biz diňe orsuň iň soňky salladynyň ülkeden çykyp giden güni özümizi erkin duýarys. Şoňa çenli geçiren günlerimiziň hemesini baknaçylyk hasap ederis. – Enehakyda uludan demini aldy. – Şonuň üçinem, meni begendiresiň gelýän bolsa git! – Ol Iwaşowyň otrýadyna tarap elini serdi. – Bu, jeňňimaglubaňam al-da, git. Özüňem juda basym git. Gelen yzyňy ýel çalmanka git. Ýurtdan çyk. Bar-da, öz öýüň aladasy bilen bol. Gaýdybam gelme. Gelseňem oksuz, ýaragsyz gel. Ýagşy niýet bilen gel. Myhmançylyga gel. – Enehakyda guýa tarap elini salgady – Honha suw! Içiň! Atlaryňyzam ýakyň, gaplaryňyzam dolduryň. Isleseňiz goş ýazdyryň, biz sizi taňry myhmany, köne tanyşmyz hökmünde myhman alaly. Mal soýup hezzetläli. Ýöne, töwirden soň göni yzyňyza gidiň...

Enehakydanyň ýüreginden syzdyryp aýdan bu sözleri gzyl komandire diýseň güýçli täsir etdi. Şeýle-de bolsa ol öz ynanjyna, galyberse-de gulluk borjuna görä, bolşewikleriň düzgüniniň ak patyşanyňka garanda kän-kän adalatly boljakdygyny Enehakyda-da, aýalynyň aýdýanlaryny baş atmak arkaly makullap duran Ruy batyra-da, kem-kemden daşyna ýygnanyşyp ugran beýleki çarwalara-da dert-azar düşündirjek boldy. Janykdy. Gala söweşinde patyşa goşunyna garşy ähli han-begler bilen bilelikde deň durup söweşen, hatda şol söweşe ýobaşçylyk eden, gala synandan soň ak patyşa gulluga durup, birnäçe gezek Peretburga gidip gelen we podpolkownik çinine eýe bolan, Marynyň Orsyýede uruşsyz birikmeginde uly rol

oýnan Magtymguly hanyňam bolşewikleri güler ýüz bilen garşy alandygyny uly hyruç bilen tymsal getirdi.

– Gepem şonda-da... – diýip, ahyry Ruhy batyram söze goşuldy. – Şol, siziň diýýän han-begleriňiziň messepsizliginde-dä... Düýn ant içip garşysyna göreşen adamlary bilen ertesi saçakly gatnaşyp bilýändiklerinde-dä... Soň olardanam ýüz öwrüp, palçawikleri gujak açyp garşylandyklarynda-da. Biz welin ony edip bilemzok. Edip bilmerisem. Sebäbi biziň ýasawymyz şeýle. Maksadymyz başga. Şonuň üçinem, tagta kim çyksa-da, syýasatyňyz hernäçe üýtgese-de tä, ýurtdan çykyp gidýänçäňiz biz siziň bilen uruş ýagdaýynda durarys. Erkinlimizi isläris.

Iwaşow ysgynsyz ýylgyryp başyny ýaýkady. Bir zatlar diýdi. Ýöne, Ruhy batyr düşünmedi. Düşünegem bolmady. Düşünnesem gelmedi. Ol assa ýöräp gara öýüň sag gapdalyndaky sazagyň syk örülip, üstündenem suwalan ketegiň ýanyna bardy. Agzyna goýlan örme gapagy açdy. Elini sokup owadanja, akja kepderini çykardy-da, asmana tarap oklap goýberdi. Guş göge göterildi. Kem-kemdenem belende galdy. Galdygysaýam kiçeldi. «şapyrt-şapyrt” edip aşyr atdy.

Asmana bakyp, keltejik aýaklarynyň üstünde abşanaklap duran Iwaşow naşyja kepderiniň oýnuna uzak wagtlap syn etdi. Gapdalynda duran uzynak ýaşulynyň şo-ol, meşhur Guşly batyrdygynam ol diňe şondan soň bilip galdy. Has dogrusy, güman etdi. Çaklady. Ýöne, näme üçindir bu barada dil ýarmady. Gybyrdyklap gitdi-de, öý eýeleriniň ygtyýar bermekleri bilen suwdan mazaly ganmaga, atlarynam suwarmaga ýetişen esgerleri nyzama duruzdy. Üç topdan ybarat agyr artilleriýanam olaryň öňüne geçirdi-de:

– Mundan otuz sekiz ýyl ozal, Rus imperialistik basybalyjylaryndan Gökdepe galasyny gorap, gaýduwsyz gahrymançylyk görkezen Ahal ilatynyň şanyna üç gezek zalp bilen ot açyň!.. – diýip, buýruk berdi. Toplaryň gümmürdisinden ýaňa çöl sarsdy. Müňlerçe ýyl bäri beýle zenzele görmän meýmiräp ýatan gum gerişleriniň üstündäki gyzgylt ürgün çägeler peslige tarap zire-zire bolup ykdylar. Guşly batyryň ketegiň daşynda, iým çokuşyp, «gummurdaşyp” ýören beýleki kepderileriniňem barysy birden «güsürdeşip” asmana göterildiler. Hälki akja owlagam «lägirip” öýden çykdy-da, nirä gitjegini bilmeýän ýaly duran ýerinde telim ýola pyrlandy. Şol wagtam gara öýüň açyk gapysyndan Arzuwyň ýüzi göründi, soňam özi towsup çykdy-da, ata-enesiniň duran ýerine tarap gaýtdy. Ilk-ä topuň sesinden erbet gorkan, soňam bar zadyň gowulykdygyna gözi ýeten adamlaram, oglan-uşakdyr, gyz-gelinlerem ýekeden-ikiden öýlerinden çykyşyp başladylar. Umydyň aýaly Dünýä-de çykdy. Ol ýuwaşja ýöräp adamsynyň ýanyna geldi. Pyşyrdap bir zatlar sorady. Adamsynyň jogabyndan soň: bolýa-la oar ýaly bolsa, diýen manyda uludan demini alyp daş-

töweregine garanjaklady. Kakasyna gysmyljyrap duran gyzynyň başyny sypalady. Gapdalyna dykylyp gelen Näzige bir zatlar diýdi. Düşündirdi. Näzik başyny atyp gaşlaryny gerdi. Uludan demini aldy.

Şondan soň Hakguýa parahatlyk aralaşdy. Ruhy batyr olara işli-işleri bilen bolmaklygy tabşyrdy. Geleli bäri onuň daşynda köwejekleşip, Iwaşow bilen edilýän gürrüňleri diňläp duran çopanlaram assa-ýuwaş dagaşdylar. Baryp göni öýüne girenem, egri taýaklaryny eginlerine atyşyp, şol ýerden ýene-de mal üstüne gidenlerem boldy.

Ugramazlarynyň öň ýany hoşlaşmak üçin Iwaşow ýene-de Ruhy batyryň öz maşgalasy bilen topbak tutup duran ýerine geldi.

– Körjek, körmejek, razy boljak... – diýip, başlanda sesi diýseň gamgyn çykdy. Ruhy batyryň, Umydyň elini gysanda gözlerine ýaş aýlandy. Soň ol ýene bir gezek Enehakyda baş egdi. Onuň birwagtlarky, owadan keşbini ýadyna saljak bolup kösendi. Şonda ol bir wagtlar, bir zatlara imrinen ýüreginiň töründe bir ýerde süýjümtik yza duýdy. Süňňi sarsdy. Saly gowşady. Şeýle-de bolsa basym özüni ele aldy. Mümkin boldugyndan ýüzüne şadyýanlyk alamatlaryny çaýmaga çalyşdy. Öý eýeleriň hersiniň ýüzüne seredip zoraýakdan şylgyrdy. Edil ýaş ýigit ýaly göwresini göneltdi. Tagaşyksyz kelte aýaklarynam jüpledi-de, goşun generalynyň öňünde raport berýän kiçi çinli ofiser ýaly sag elini papagynyň gaşyna ýetirip, harbylarça çest berdi.

– Hoş! Hammusy sag bolsun!..

Ol ýene bir zatlar diýjek boldy-da, damagy dolup yzyny aýdybilmedi. Hamsykdy. Elini aşak goýberdi. Goşuna tarap öwrüldi. Baryp atlandy. Esgerlerine ugramak barada buýruk berdi. Öý eýelerine tarap täzeden bakmana welin mejaly bolmady. Şol wagt ol atyň üstüne göterilip mündürilen aglak çaga meňzedi.

Ol diňe iki alaň aşandan soň at başyny çekdi-de, gaňrylyp guýa tarap seretdi. Şonda onuň gözi ak depäniň üstünde ülker deý toplanyşyp duran hümere düşdi. Olar Ruhy batyr, Enehakyda, Umut, Dünýä we Arzuw. Şeýle hem olaryň birnäçe goňşy-golamlary. Olaryň daşyndan aýlanyp, bökjeläp ýören akja owlajygy welin ol saýgarmady. Ençeme wakalary başyndan geçiren türkmen halkynyň şanyna dikilen baýdak kimin pasyrdap duran Enehakydanyň egnindäki ýaşyl köýnek şol wagt onuň gözýne näme üçindir entek döwlete öwrülip ýetişmedik türkmen halkynyň geljekki tugy bolup göründi.

Guşly batyryň ak kepderisi bolsa, ýeriň ýüzi bile nassa-ýuwaş süýşüp barýan goşunyň kä öňüne düşüp, kä ardyna aýlanyp, käte bolsa dik depesinde perwaz urup, ugradyp gidip barýar. Ol diňe goşun Hakguýudan seredeniňde asman bilen Zeminň tapyşýan ýerine ýeteninden soň yzyna dolanyp geldi. Gelişi ýalam aşak indi-de, «pel-pelläp" käbirleri Guşly batyryň egnine, gondy. Şondan soň Guşly

batyryň häliden bäri Hakguýunyň üstünden “şaglap” kä eýläk, kä beýläk agyp-dönüp ýören beýleki kepderilerem “güsürdeşip gondular. Gös-göni ketegiň üstüne gonanlaram, ýüzugra içine sümülip gidenlerem, galan-gaçan dänelere güýmenip ketegiň agzynda eglenenlerem boldy. Hemmesiniň birigip «gummurdaşmaklary” bolsa, ýeňilmedikleriň ýerleşen giň golunyň içinde üýtgeşik bir owaz bolup ýaňlandy.

Şol wakadan soň köp wagt geçmänkä, Umydyň ogly boldy. Mollahakydanyň hatyrasyny tutup, onuň adyna Hakyda dakdylar.

## 18. Türkmenistan döwletiniň döredilmegi

Tizara aklaram, iňlislerem ýurtdan çykyp gitdiler. Has takygy çykaryldylar. Gyzyllar ýeňdiler. Ýurtda sowet häkimiýeti berkarar boldy. Belli bir sebitiň çäginden çykyp bilmeýän hem bolsa, külli türkmen topragy boýunça henizem baknalyga garşy göreşýän ýeke-täk güýç galdy, o-da Jünneýit han. Ýöne, onuň ýagdaýy öwerlik däl. Çünki ol ýeke. Azlyk. Täze hökümet bolsa gün-günden güýçlenýär. Berkeýär. Iň ýamanam onuň gerimi giň. Çägi uly. Birnäçe aýry-aýry döwletleri öz içine alýar. Şolar ýaly äpet aždarhanyň agryndan diňe bir türkmen ýurduny ýa-da onuň bir sebitini aýratynlykda alyp çykmak asla mümkin däl.

Belki, şol zatlar barada pikir edendir, 1918-nji ýylyň 25-nji noýabrynda, Söwet häkimiýetini ýykmak üçin Dörtgüldäki eden söweş çäreleri şowsuz tamamlanandan soň, Jüneýit han bilen uruşmazlyk barada şertnama baglaşypdy. Şol ýagdaýdan peýdalanyp, Zakaspiý frontunyň ştaby ondan front üçin 700 atly ibermegini haýyş edipdi. Emma, Jüneýit han oňa razy bolmandy. Iberäýdigi öz nökerleriniňem Eziz hanyň nökerleriniň gününe düşerinden, bir bahana bilen olaryňam ýaragsyzlandyrylaýmagyndan ätiýaç edipdi. Emel bilen özüni güýçden gaçyrjak bolýandyrlar öýdüpdi. Bardy-geldi ibermeli bolaýanda-da öwezine iňňän köp mukdarda pul talap edipdi. Üstesine-de, öz iberjek nökerleriniň Oraz serdaryň ýa-da Eziz hanyň garşysyna ulanylmaly däldigini sowet häkimetiniň öňünde şert edip goýupdy. Muňa bolsa ştabyň işgärleri razy bolmandylar.

Megerem, şol sowuklyk şertnamanyň bozulmagyna sebäp bolan bolsa gerek, 1920-nji ýylyň başynda Jüneýit han ýene-de sowet häkimiýetine garşy baş göterdi. Bedirkentde, Gazawatda gazaply çaknyşyklar bolup geçdi. Ýöne, ol soweş çäreleri barybir ýene-de gyzyl goşunyň peýdasyna gutardy we han öz ýakyn adamlary bilen guma, Akjaguýa çekildi. Bolup geçýän bu wakalardan elbetde, Hakguýudakylaram habarlydylar.

1921-nji ýylyň ýazynda bolsa, Hakguýudakylar Han işan diýilýän bir adamyň ýolbaşçylygynda Owganystandan, Şyhym sülgüniň ýolbaşçylygynda Eýrandan

Jäneýit hana müňlerçe tüpeň, pulemýot, ok, däri we başga-da birnäçe harby maksatly harytlaryň getirilendigini eşitiler. Ýöne, şol harytlary alanyndan soňam onuň näme üçin tutuş üç ýyllap hiç-hili harby hereketleri amala aşyrman sessiz-üýnsiz ýatandygyna welin, düşünip bilmediler.

1924-nji ýylda, Jüneýit hanyň Palçykly diýen ýerde ornaşan döwürleri oňa goşmaça kömek hökmünde Owganystandan ýene-de 270 düýe ok-däri gelendigini, şondan soň onuň ähli güýjüni bir ýere jemläp, sowet häkimiýetine garşy gaýtadan aýaga galandygyny, sähel wagtyň içinde Daşhowuz, Maňňyt, Şabat, Gazawat, Haňka ýaly etraplary eýeläp, ýene-de Hywa howp salyp ugrandygyny eşidenlerinde welin, ýeňilmedikler edil çaga ýaly begendiler. Şu gidişine gidiberse, onuň öz sebitlerinde doly ýeňiş gazanyp, beýleki türkmen welaýatlaryna tarap süýşmegine, aýaga galdyryp, ýurdy basybalyjylardan doly halas etmegine gör indi näçenji gezekdir umyt bagladylar. Şeýle mümkinçiligiň döräýen pursady äm-säm bolup durmaz ýaly, hany irikgä etmän, «häh» diýeninden «mäh» diýýäge-de alnyna barar ýaly, aşaklyk bilen, öz aralarynda bölek-bölek otrýadlar düzdüler, bu gezegem öňki ýaly olara onbaşylar, ýüzbaşylar bellediler. Her guýuda harby-türgenleşik işlerini geçirdiler. Esasanam öň uruş görmedik ýaş ösdürimlere söweş tärlerini, düzgün-nyzamlaryny öwretdiler.

Emma olaryň begençleri uzaga çekmedi. Gyzyl goşunyň birleşen güýçleri Jüneýit hanyň nökerlerini çym-pytrak edipdir, onuň özi bolsa ýene-de guma çekilipdir, diýen habar olary edil çapyp barýan atyň ýüzüne urlan ýaly etdi. Olar ýene-de ýaraglaryny söküp ýagly keçelere dolamaga, çöpe sokmaga, guma süsdürmäge, ýygnan nökerlerini dargatmaga mejbur boldular.

Şol ýylyň güýz aýlary gelip ýeten geň habar welin ýeke bir Hakguýudakylaryň däl, eýsem gum içine ýaýran ýeňilmedikleriň ählisiniňem aklyny haýran etdi. Ol habarda sowet hökümetiniň hut özüniň, öz düzümine girýän başga-da birnäçe döwletler bilen bir hatarda, türkmen topragyny hem Türkmenistan Sowet Sossialistik Respublikasy diýip ýylan edendigi barada aýdylýardy. Bu türkmen döwletiniň döredendigini aňladýardy. Bu, elbetde, çözgüdini tapyp, amala aşyryp bilmedik hem bolsalar, Jüneýit han, Eziz han, Oraz serdar, ondan aňyrda Nurberdi han, Gowşut han ýaly han-begleriň, serkerdeleriň öňlerinde goýan maksatlarydy, Magtymguly Pyragy ýaly akyldar şahyrlaryň edip giden arzuwlarydy, galyberse-de tutuş halkyň islegidi. Guwanmaly, begenmeli zatdy. Bu hut şeýle hem boldy. Muňa hemmeler begendiler. Tutuş türkmen halky bilen bilelikde gum içinde oturan ýeňilmediklerem begendiler. Ur-tut toýa başladylar. Hersi öz guýusynda toý tutan gumlularyň barysy soňy bilen Hakguýa ýygnandylar. Biri-birlerini, Ruhy batyry, Enehakydany täze dörän döwlet bilen gutladylar. Şeýle ägirt uly meseläniň duýdansyz ýagdaýda, öz-özünden onda-da basybalyjylaryň özleri tarapyndan şeýle

añsat çözülip oturyberendigine haýran galdylar. Iwaşowyň aýdyşy ýaly, sowet hökümediniň hakykatdan-da adalatly ekendigine, türkmen döwletini döretmek bilen ak patyşanyň ýalňyşyny düzetmek isländigine, basym özleriniňem ýurtdan çykyp gitjekdiklerine ynandylar. Mal soýdular, şatlandylar, at çapdyrdylar, göreş tutdurdylar, bagşy aýtdyrdylar. Bu toýuň çykdajysyndan hiç kim çetde durmady. Hiç kim, hiç zadyny gaýgyrmady. Telim günläp märekäniň ähli gürrüňi orslaryň indi haçamrak ýurtdan çykyp gitjekdikleri, özleriniňem kem-kemden oba tarap süýşüberselerem kem bolmajakdygy barada boldy. Haýal etmän, Ruhy batyryň ýolbaşçylygynda on-on iki adamdan ybarat wekilçilikli topary täze dörän türkmen döwletiniň ýolbaşçylarynyň ýanyna ibermek barada teklip edenlerem boldy. Çünki, täze döwletiň başynda oturanlaram eýýäm türkmen ýigitlerimişin. Olaryň bir-ä asyl, bir wagtlar Gowşut hanyň sag goly bolup gezen Täçgök serdaryň oglumyşyn. Ol indi gumlularam öz ganatynyň aşagyna alar. Biz indi ýene-de öňkümiz ýaly erkin ýaşarys. Baknalykdan halas bolarys. Biz şu güne köp garaşdyk, ine, ahyrsoňy oňa-da ýetdik „ýaşasyn gyzyllar“, diýip, arkan-ýüzün gaýyşanlaram tapyldy. Şeýle paýhasly hereket edendigi üçin, Lenini pygambere deňänlerem boldy.

Ýöne, Enehakydadyr – Ruhy batyr ýaly adamlar bu zatlara düýbünden başgaça garadylar. Dogry, olar birbada halkyň badyny almak islemediler, kynçylyk baryny gördüler, gam baryny çekdiler, goý, biraz begensinler, şatlansynlar, diýdiler. Içki duýgularyny äşgär etmekden saklandylar. Ýöne, öňli-soňly ençeme güne çeken toý dabarasyndan soý geçirilen çynlakaý maslahatda welin, Ruhy batyr özüniň oý-hyallaryny halka anyk hem açyk beýan etmän durup bilmedi.

— Elbetde ýalanam bolsa hoş habar ýagşy – diýip, ol uludan demini aldy-da, daş-töweregini gallaşyp oturan ýaşulydyr-ýaş kiçileriň ýüzüne ýeke-ýeke seredip çykdy. – Bu habaryň owazy gulaga ýakymly. Howalasy belent. Tagamy datly. Şunça günläp, şunça toý tutulmagyna, şagalyň edilmegine mynasyp. Ýöne... – Hamala ol ýakymsyz bir zat aýdaýjak ýaly, oturanlaryň barysy birden Ruhy batyra tarap üşerildiler. Arasy daşraklar bolsa şol aralygy gysgaltmak üçin bir gulaklaryny oňa tarap keýerdip, aşak-aşak ýapyrylyşdylar. Ruhy batyryň özem soňky aýtjak sözleri hemmelere doly eşidiler ýaly göwresini dikeldip boýnuny süýndürdi. Sesine bat berdi. – Ýöne, barymyzyň bir zada berk düşünmegimiz gerek, ýagny, bu döwletimiz biziň o-ol, arzuw edýän döwletimiz däl. Has takygy ady biziňkem bolsa, özi biziňki däl... – Ol pikirini has aýdyň beýan etmek üçin, säginip, has degerli, düşnükli söz gözledi. Bütin durky bilen düýrükdi. – Dogry-y, biziňkiligine biziňki, ýöne, biziň ygtyýarymyzda däl. Biz diýip men ýeke özümizi däl-de, ähli türkmen halkyny göz öňüne tutýan. Bu döwlet biziň hiç birimiziňkem däl. Edil öňküsi ýaly jylawy ony guran adamlaryň elinde. Onuň aňyrsynda ýene-de ors hökümedi dur. Öň Nekelaý patyşa depämizde gamçysyny bulap duran bolsa indi

onuň ýerine Leýlin otyr. Hiç hili üýtgän zat ýok. «Kaspiniň aňyrsyndaky oblast» sözüni «Sowet Türkmenistany» diýen söze çalyşanlary bilen üýtgän zat bolmaz. Meniň pikirimçe, olar muny türkmenleri Orsyýetde oturan ýerlerinden has arkaýyn, türkmenleriň hut öz eli bilen dolandyrmak üçin şeýtdiler. Döwlet başynda oturdylan şol türkmen ýigitlerine men akmak ýa nadandyrlar diýip biljek däl. Nämäň-nämedigine düşünýän däldirler, duşmanyň sapalagyna köre-körlük bilen eýerýändirler diýen düşünjedenem daşda. Olaram şu wagt edil biz ýaly bu täzelige çyn ýürekden begenýändirler, öň türkmen topragyny gana çaýkan ak patyşany ýok eden güýç hökmünde bolşewiklerden kän-kän gowulyklara garaşýandyrlaram, özleriniň hakykatdan-da garaşsyz, özbaşdak döwlet boljakdyklaryna umydam baglaýandyrlar. Şunuň üçin olar öz halkyma, öz ýurduma edýändirin öýdüp, täze döwlete ak ýürekden hyzmat ederler, janam çekerler, ýöne, ahyrsoňunda barysy puç bolup çykar, bir gün geler, şonda eden hyzmatlary üçin muzdlary gara gylyç bolar. Olary gerek ýerine çenli ulanarlar, boldum eden günlerem oturaga-da başlaryny iýerler, süýeklerini gemrerler. Soň olaryň ornuna türkmeniň başga bir ogulllaryny goýarlar, ýöne özünden öňdäkileriň düşen gününden gözi gorkan o ýigitler bulara görä birneme ätiýaçlyrak bolarlar, olardan soňkularda bolsa asla, ýürek, öt bolmaz. Sessiz-üýsiz hyzmat ederler. Baýarlaryndan soraşman özlerine balagam satynaly bilmezler. Ojaklarynda bulamagam bişirinibilmezler. Şonuň üçinem, bu wagtky baştutanlaryň ýanyna barşymyzam edil Eziz handyr, Oraz serdaryň ýanyna barşymyzdan enaýy bolmaz. Belki, onça-da bolmaz. Çünki, olar-a güýç, guramaçylyk taýdan ejizräk hem bolsalar erkindiler, hiç kime göz-görtele elgarma däldirler, hatda goşulaýan wagtlaram ne gyzyllara, ne aklara doly boýun egmändiler, berilýän buýruklara köre-körlük bilen eýgermändiler, ýönetemräk hem bolsa, hiç kimiň tabynlygynda bolmadyk, özbaşdak döwlet döretmekligiň höwesindediler. Jüneýit han-a häzirem şol höwes bilen hereket edip ýör. Ýöne, indi o-da öz umyt-arzuwlarynyň howaty-hyýata öwrülip ugranyna göz ýetirene meňzeýär. Şonuň üçinem ol köpden bäri hereketsiz ýatyr. Häzir täze hökümediň olam, bizem öz tarapyna çekesi gelýändir. Her hili mylakatly sözler, ýaraşyklar, geleşikler taýýarlaýandyrar. Ýanlaryna barsak bize-de: „Her niçik hem bolsa ata-babalaryymzyň arzuwy hasyl boldy, döwlet gurduk, geliň-de sizem bize goşulyň“, diýerler. Olar şu sözi Jüneýit hana-da aýdarlar. Egerde, ol teklibi birimizden-birimiz kabul edäýsek, onda şony kabul eden tarapy kabul etmedik tarapyň garşysyna sürerler. Birimizden birimiz kabul etmedik halatymyzda-da şol ýagdaý gaýtalanar. Egerde, hiç birimizem kabul etmesek, onda olar şol iki tarapyň üstüne-de goşun sürerler. Tä, ýok edýänçäler ynjalmazlar. Ynjalmazlaram, ynjaltmazlaram. Çünki, bular öňkülere görä has aç. Bulary ýeke bir ýer-ýurt däl, arzan et, mugta ýakyn çörek tölegsiz işçi güýji gerek. Syýasatda, etmeli işlerini öňküler etdi. Tä, Owgan serhedine çenli çägini giňeltdi, bular indi şol zatlaryň

hözürini görmeli. – Beýnisine agram salyp gepländigi zerarly Guşly batyr ýadadymy, nämemi, sözüne dyngy berdi-de, barmaklarynyň ujy bilen iki jikgesini owkalady. – Egerde, bu süýji habara imrigip olara hoş söz beräýsek oba dolanyp baraýsak, onda şu çaka çenli çekip gelen jebirlerimiziň barysy puç bolar. Orsyýede tabyn boldugymyz, giň Garagumyň erkinligini uly-uly şäherleriň sowuk jaýlaryna, dar köçelerine ça;yşdygymyz bolar.

Ruhy batyr sözüni tamamlandan soň, çat maňlaýynda oturan Durdy batyryň özüne uzadan okarasyndaky ýüzi köpürjikläp duran göm-gök düýe çalyndan tä, ganýança içdi-de, gapdalynda oturan ýigitleriň birine geçirdi. Soň o-da şeýtdi. Märekä dymyşlyk aralaşdy. Durdy batyr bir dyzynyň üstüne galdy-da, endigine görä, ellerini hereketlendirip başlady.

— Adamlar! Kimde b-başga teklip b-bar? Ýene kim näme d-diýjek? – Hiç kimden ses çykmady. Şondan soň ol: — Siz erkinsiňiz, egerde täze hökümede goşulasy gelýäniňiz bar bolsa, a-arkaýyn g-gidip blersiňiz – diýdi. – Biz bu barada-da Ruhy batyr bilen gepleşdik. Ol bu pikire garşy däl. Şol hereketiňiz üçin h-hiç kim sizi ýazgarmaz.

Ruhy batyr makullaýjylyk bilen baş atdy.

Ana, şondan soň welin, ullakan gara öýüň içinde «hyň» berip oturan märeke durşy bilen gowra öwrüldi.

— Sen nädip bize beýle sözi aýdybilýäň, Durdy batyr?

— Biz näme, hemmämiz bir ten, bir jan dälmidiris?

— Ruhy batyr, sen nädip oňa beý diýmäne rugsat barýäň?

— Şunça ýyllap gulluk eden maksadymyzdan biz tä ölýänçäk dänmeris.

— Ölsegem dänmeris.

— Biz şu ýoly saýlap aldyk, şu ýol bilenem gideris, diýýän özüň dälmidiň, Ruhy batyr!..

Ruhy batyr elini galdyrdy.

— Boldy, adamlar! Men sizden razy. Ýöne, ýaňky Durdy batyryň aýdan sözüni size ýetirmäne biz borçludyk... Adamçylykdyr... Kim bilýär...

— Ýok, batyr, biz öz ýolumyzdan dänmeris.

— Gylyjymyz bilen göreşip bilmesek içki duýgularymyz, ruhumyz, çydamlylygymyz arkaly göreşeris.

— Özümiziň baknalykdan nägiledigimizi iň bolmanda olara goşulmazlyk arkaly bildireris.

Gowur kiparlandan soň wadalaryna wepalydyklary üçin Ruhy batyr olara ýene bir gezek minnetdarlyk bildirdi. Soň Umyt märekä uzynly gije ýatman, hakyda aýdyp berdi. Çünki, ýaşy altmyşdan agan Enehakyda indi uzak gürrüňçiliklere

ýaramaýardy. Onsoňam ol özüniň ähli bilýänjelerini, Umyda kössüni goýman öwredipdi. Mollahakydanyň hakydasy indi üçünji nesliň aňyna dolulygyna geçipdi. Şol günüň ertesi ýeňilmedikler şol bir ruhybelentligi bilen, guýuly-guýularyna dargadylar.

## 19. Jüneýit hanyň söweş sahnasyndan düşmegi

Guşly batyryň Jüneýit han barada aýdan sözleri hä diýmän hakykata öwrüldi.

1925-nji ýylyň ýazynda Türkmenistanyň Halk Komissarlar söwetiniň başlygy, Täçgök serdaryň ogly, Gaýgysyz Atabaýewiň hut özi Jüneýit hana ýaraşyk teklip etdi. Onuň ýanyna bardy. Ýüzbe-ýüz oturyp gepledi. Bu sowet häkimeýetiniň Jüneýit hana indi ikinji gezek şeýle teklip edişidi. Sowetler bu sapar Jüýeit handan öňküleri ýaly goşun ýa ýene bir zat talap etmediler-de, gaýtam özleri oňa birgiden eglişikleri wada berdiler, ýagny, Halk Komissarlar sowetiniň ýörite kakary bilen, hanyň ähli emläginiň we raýatlyk hukugynyň eldegrilmesizligini ykrar etdi. Oňa bäş müň gektar ýer berip, üç ýyllap salgytdan boşatmaklygy wada berdi. Nökerlerine bolsa günä geçişlik yglan etdi.

Emma Jüneýit han bu gezegem ylalaşyga gelmedi. Bu meselede hem ol Ruhy batyryň aýdyşy ýaly ýeňilmedikler bilen pikirdeş bolup çykdy. Aňyrsynda uly döwlet duran ýerli häkimiýetleriň garşysyna uzak durup bilmejekdigine elbetde, onuň gözi ýetipdi, ýöne, edil Ruhy batyr ýaly onuňam ýeňilesi, ýeňilenini boýun alasy gelmeýärdi. Ol ýene-de öňki gezekkisi ýaly daşary ýurda geçer, şol ýerde ömürlik galyp Watanyň zaryny çeker ýöne, öz ýurdunda kesekä gul bolup ýaşamaz. Onsoňam, sowet häkimiýetiniň özüne edýän bu teklibiniň çeýe syýasatdygyna, wagtlaýynça edilýän eglişikdigine atdan düşürilip, ok-ýaraglarynyň ellerinden alnan güni ýigitleriniňem, özüniňem tutuş emlägi bilen bilelikde ýok ediljekdigine, Eziz hanyň düşen gününiň öz başyna-da geljekdigine ynanýar. Şonuň üçinem ol gepleşik mahaly Atabaýewe:

― Günäsini geçer ýaly meniň ýigitlerim günä iş edenoklar, olar öz watanlaryny basybalyjylardan goramak bilen sogap iş etdiler – diýdi. – Etseňiz-ä sizem şolara ynanmaň. Olar biziň parahat oturan ýurdumyza gan çaýkadylar, gyran adamlarynyň sany diri gezip ýörenleriňkiden geçdi, asla bular bizi adam hasap edenoklar. Meň gorkýan zadym olaryňganly penjeleri ahyr bir gün size tarapam uzaýmasa ýagşydyr.

Atabaýew şonda aşak bakyp, oýlanyp köp oturdy.

― Men size düşünýän han aga. Watanperwerligiňize-de şübhäm ýok. Ýöne, nätjek, bizem şu ýola düşüpdiris. Dogram bolsa, ýalňyşam bolsa bize indi şu ýol bilen gitmeli borus. Soňky sözüňiz barada aýdanymyzda bolsa, nesibedir, başa näme

gelse görübiris. Ýöne, iki ortada halk gyrylýa. Men ine, şonuň öňüni alaly diýjek boldum. Hökümet barybir size eýgertmez. Ol güýçli. Ine, şu barada gowuja oýlannyň... Iň ýamanam biri-birimiziň garşymyza uruşmaly bolýas. Çünki, gyzyl goşunyň hatarynda indi ýeke orslar däl, türkmenlerem bar... Baram däl-de, kän. Juda kän.

Ylalaşyga gelip bilmedik hem bolsalar, Jüneýit han Atabaýew bilen dostlarça hoşlaşdy.

— Menem seniň ýagdaýyňa düşünýän, ogul. Ýöne nätjek, ykbal biziň ýollarymyzy aýra saldy. Biz bir halkyň oglydyk, bir ýoldan ýöremelidik. Ýöne...

Bu habaram Hakguýa günübirin bolmasa-da, garaz, gelip ýetdi. Ruhy batyram, Enehakyda-da, Umydam, Durdy batyram, Jüneýit hanyň gelen netijesini, beren jogabyny makulladylar. Täçgök serdaryň oglunyň batyrgaýlygyna, mertligine, parasatlylygyna hormat goýdular.

— Egerde häkimiýet öz elinde bolanlygynda ol ýigit ähli zady düzedibiljek ekeni – diýip, habar gelen güni o barada Durdy batyr bilen maslaahtlaşyp otyrka Ruhy batyr aýtdy – Ýöne, arman kerweniň öňüni çekip barýan düýäniň üstünde oturanam bolsa, owasary öz einde däl. Muny onuň özem duýýan bolmaly.

Gaýgysyz Atabaýew, gumlularyň eşidişlerine görä, Jüneýit han bilen soň-soňlaram şolar ýaly terzde maslahat geçiripdir, hatlar alyşypdyr, şol hatlarda, duşuşyklarda Atabaýew Jüneýit hana „atam“ diýip ýüzlener ekeni, o-da oňa „oglum“ diýer ekeni. Ýöne taryhdan mälim bolşy ýaly, bu „ataly-ohluň“ ykbaly biri-birinden juda sowa düşdi.

Şondan soňky iki ýyl parahatçylykda geçdi. Ýöne, 1927-nji ýylyň ýazynda Jüneýit hanyň sowet häkimeýetine garşy täzeden baş göterendigi barada Hakguýa habar geldi. Habar ähli guýulara ýyldyrym çaltlygynda ýaýrady. Gum içinde ýene-de gaýda-gaýmalaşyk başlandy. Hanyň Ýylanly etrabynyň töwereklerindäki söweşlerde şowsuzlyga uçrandygyny, guma çekilendigini eşidenlerinde welin, telim gün bäri üýşüp-çaşyp, at üstünde alakjaşyp ýören gumlularyň bar keýpleri gaçdy. Her kim lapykeçlik bilen öýli-öýüne dagady.

1928-nji ýylyň tomsunda Jüneýit hanyň az sanly nökerleri bilen Eýrana gidendigi baradaky habara welin gumlular esli wagtlap ynanybilmän gezdiler.

Şondan soňky üzlem-saplam gelip ýeten habarlara görä, Jüneýit han 1929-njy ýyla çenli Eýranda bolup, ondanam Owganystana göçüpdir we öňli-soňly sowet häkimiýetinden gaçyp ol ýere özlerini atan türkmenleri bir ýere jemläpdir, olara baş bolupdyr. Owgan döwletiniň ýolbaşçylary bilen gepleşikler geçirip, olara ýer-suw äberipdir. Ýetim çagalara, dul hatynlara, hor-zarlara, garyp-pukaralara kömek edipdir.

Şondan soň onuň täzeden güýç toplap, ýurda gaýdyp geljekdigi, göreşi dowam etdirjekdigi baradaky imrindiriji habarlar eşidilmedi.

Şeýdip gumlularyň iň soňkuja umyt uçgunjyklaram öçdi. Daş-töweregi, elhenç bir ümsümlik gurşap aldy.

Öňde bolsa, türkmen halkynyň galanja ysgyn-mydarynam bedeninden sykyp çykarjak, ýurtda ululy-kiçili birnäçe nägileçilikleriň, gozgalaňlaryň turmagyna sebäp boljak «kollektiwizasiýa», Ruhy batyr, Jüneýit han ýaly il ogullarynyň öňden görüjilik bilen aýdyşlary ýaly, ilkinji türkmen döwletiniň başynda duran Gaýgysyz Atabaýew, Nedirbaý Aýtakoe, Halmyrat Jumaýew, Halmyrat Sähetmyradow ýaly birnäçe türkmen ýigitleriniň başyna ýetjek, sowet häkimiýetiniň hakyky keşbini bütin dünýäniň öňünde açyp görkezjek tutha-tutluk ýyllary adamhor aždarha deý agyzlaryny açyşyp ýatyrdylar.

## 20. Täze hökümediň halka „hossarlyk“ edişi.

Howwa, aňyrdan gelýän däp-dessurlarynyň, durmuş ýörelgeleriniň dürli-dürlidigine garamazdan, sowet häkimiýeti SSSR-iň düzümine girýän respublikalaryň ählisinde öz düzgünlerini ornaşdyrdy. Hä diýmän Hakguýyda hem «ýer-suw reformasy», «kolhoz» diýen ýaly geň-taň sözler eşidilip başlady. Ol sözleriň manysyny kimler: «Baýlaryň ýerini, suwuny mallaryny ellerinden alyp, garyp-pukaralara paýlajakmyşynlar», diýip düşündirse, başga biri: «Hemmeler birigip bir hojalyk bolmalymyşyn, ähli zat mal-mülk ortalyk bolmalymyşyn» diýip düşündirdi.

Muny baýu-garyp, asyrlarboýy öz hojalygyny özüçe ýöredip gelen halk ýokuş gördi. Aralarynda nägilelik döredi. Olar baknalyga boýun bolupdyrlar, patyşa hökümetiniň tertip-düzgünlerine kaýyl gelipdiler ýöne, ellerinden mal-mülkleriniň alynmagyna welin razy bolup biljek däldiler.

Sowet hökümedi welin olaryň razylygyny sorabam durmady. Üstesine-de ýeke bir mal-mülkli baýlaryň ýa han-begleriň däl, eýsem az-owlak ýeri, suwy bolan daýhanlaryň, birlän-ikilän düýesi ýa iş ýabysy, sygry, öküzi, iň bolmanda bäş oýnam goýundyr-geçisi bolan orta daýhanlaryň hem ýakasyndan ebşitläp tutdy. Hatda ýer urup ýerde galan garyp-gasyrlara, ýoksullara hem «kontrakt» görnüşinde et, ýumurtga, ýag ýaly azyk salgytlaryny saldy. Raýkomlaryň, podraýkomlaryň, oba sowetleriniň GPU-nyň işgärleri «gyzyltaýaklylar» diýlip atlandyrylýan goranyş otrýadlarynyň agzalary at tezegini guratman, günüň-gününe, ýeke bir obalara däl, eýsem has uzakdaky guýulara çenli baryp ýetýärdiler, mal eýelerini

ähli emläkleri bilen bilelikde kolhoza girmäne çagyrýardylar, öwüt-ündew, wagyz-nesihat geçirýärdiler. Aýdan-diýenleriniň ýol almadyk wagtynda güýje daýanjakdyklaryny, mallarynyň, ýerleriniň ellerinden zor bilen alynjakdygyny özleriniň bolsa tussag edilip, Sibir ýaly sowuk ýurtlara sürgün ediljekdiklerini ýaňzytýardylar. Şol hereketlerini käte iş ýüzünde amala aşyrmak arkaly özleriniň oýun etmeýändiklerini bildirýärdiler, halkyň gözüni gorkuzýardylar.

Şol gorky, şol howp, süri-süri mallary bolmasa-da, indi ençeme ýyl bäri çöl içinde günamalaryny aýlap oturan ýeňilmediklerdenem sowa geçmedi. Ruhy batyryň birwagtlarky diýeni dogry bolup çykdy. Sowet hökümeti patyşa hökümeti ýaly: sen maňa degme, menem saňa degmäýin, diýip oturybermedi. Munuň şeýledigi onuň wekilleriniň Hakguýuda peýda bolan güni belli boldy.

Öz hasaplaryna görä Hakguýa göre gündiz gelmelidiler. Ýöne, ýolda maşynlary kä bozulyp, kä guma batyp eglenendikleri zerarly il ýatyp it uklansoň geldiler. Çyralaryň ýiti şöhlesini juda uzakdan gören Hakguýuly ýetginjekleriň biri ylgap gelip, indi kyrk bäş ýaşdanam geçen  Umydy turuzdy. Obanyň gyrasyndaky alaňa çykaryp goşa çyrany görkezdi. Soň bu ikisi gidip garrylykdanam beter soňky döwürlerde birneme syrkawlyk tapynan, Durdy batyry turuzdylar. Ruhy batyry turuzjaklaryny ýa turuzmajaklaryny bilmän ýaýdanyşdylar. Durdy batyr çürt-kesik:

— Turuzmaň – diýdi. – Garry a-adamy biderek bimaza etmäň. Bu-bu gelýän şo-ol m-maşyn diýilýänidir. Otludan parhly ýeri b-bu demir ýolsuzam ýöräp b-bilýämişin. Ony täze hököwmediň a-adamlary münüp gelýändirler. Şeýdip olar öňem k-kän ýerlere barypdyrlar. Hatda Täçgök serdaryň ogly Gaýgysyzam Jüneýit hanyň ýanyna b-baranda şoňa m-münüp b-barypdyr. Siz gowusy üç-dört sany oglany ýaraglandyryň-da, öňlerinden çykaryň. Goý, maşynyň g-gözünden atsynlar. Gözi k-kör bolsa ý-ýöräbilmez. – Şeý diýdi-de, Durdy batyr «kühhä-kühhä» edip öýüne girip gitdi. Umydyň iberen ýigitleri guýynyň ilersindäki kakdan geçibilmän eýläk-beýläk zowzullap ýören maşynyň öňünden çykdylar-da, sen-men ýok, ok atyp iki gözünem kül-pagyş etdiler. Häliden bäri «gür-gür» edip ýürege düşen maşynyň sesi tapba ýatdy. Ýigitler: «Beh, dogrudanam kör bolansoň ýöräp bilmeýän ekenow bi», diýip, syrtarylyşdylar-da, tüpeňlerini eginlerine atyp yzlaryna dolandylar.

Maşynyň üstündäkilerde-de ýarag bardy. Hatda ýanlarynda iki sany ýaragly esgerem bardy. Ýöne, howpuň nireden gelýänini, hüjüm edýänleriň kimlerdigini, sanlarynyň näçedigini bilmeýändikleri üçin gohuň güýçlenerinden, köpçülik bolup çozarlaryndan ätiýaç edip hiç hili jogap okuny atmadylar, hatda seslerinem çykarmadylar. Elleri ýaragly hersi bir tarapa bakyp, tä daňdana çenli goranyş ýagdaýynda oturdylar.

Ýigitler gelip Durdy batyra bolan işi habar berdiler. Ol üsgürip durşuna:

— Aýtdym-a men, gözüni alsaňyz gelibilmiýa diýdim-ä, baryň indi gidiň-de arkaýyn ýatyberiň – diýdi.

Ýigitler-ä gidip ýatdylar welin, şondan soň Durdy batyryň özi uklabilmedi. Bolan işi Ruhy batyra aýtmasa köňli karar tapman, içi byjyklady durdy. Daň ataryna zordan garaşdy. Daň tilkiguýruk bolup ugrandanam dostunyňka tarap yrgyldap ugrady. Ýöne, bu barmanka Ruhy batyryň özi daş çykdy. Täret etmäne barýan bolsa gerek, eli kündükli, donam egnine ýelbegeý atylan. Ol Durdy batyra gözi düşenden bary-ýogy alty aýlyk kiçidigine garamazdan, ömürboýy edip gelen endigine görä salam berdi.

— Agşam uzynly gije töwerekde gaplaň «hyrlaýan» ýaly boldy durdy. Göwnüme bolmasa golaýda bir ýerde «tark-turkam» bolaýan ýaly boldy. Sen-ä hiç zat eşiden däldiň...

Durdy batyr bar zady birden aýtmakçy bolýan ýaly agzyny hatap kimin açyp ugrandam welin, obanyň ýokary çetindäki alaňdan bir mayn «güwläp» aşak indi. Oňa gözi düşen Durdy batyryň bar bady gaçdy. Ruhy batyram ony gyssap durmady-da: «Beh şu eken-ow, asyl şol... » – diýip, maşynyň gelýän ugruna tarap ýöredi, Durdy batyra-da onuň yzyna düşübermekden başga alaç galmady.

Iki gözi çym-pytrak bolan maşyn gelip göni Guşly batyryň gapdalynda saklandy. Ondan yzly-yzyna böküşip düşen alty adam üstleriniň çaňlaryny kakyşyp, ardynjyraşyp duruşlaryna zoraýakdan diýen ýaly salamlaşdylar. Soň agşamky bolan wakany agzadylar.

— Kimem bolsa şu töweregiň adamy bolmaly – diýip megerem, GPU-nyň ýa milisiýa işgäri bosa gerek, gaýyş papakly, gapdaly naganly bir ýaş ýigit eýýäm-haçan ýygnanyşyp ugran Hakguýulylaryň ýüzüne ýeke-ýeke seretdi.

Duranlaryň arasynda hakykatdanam agşamky ok atyp maşyny «kör eden» iki ýigit bardy. Olar maşynyň gözlerinden gözlerini aýrybilmän, onuň gözsüzem şu ýere ýöräp gelendigine haýran galyşyp, ýöne seslerini çykarybilmän durdular.

Şondan soň Ruhy batyr myhmanlary öýüne saldy. Çaý-çörek berdi. Naharlady. Günortanyň öň ýany myhmanlar Hakguýynyň ähli ilatyny Ruhy batyryň işigine üýşürdiler.

Ýaňky ilki geplän, ýany mauzerli ýigit öňe çykdy:

— Şu çaka çenli çet-çemerlerde ygyp-tozup, horluk çekeniňiz besdir, indi sizem ile goşulyň, kolhoza giriň, mal-garalaryňyzam şoňa tabşyryň, mundan buýana daýhanlara-da, çarwalara-da sowet hökümediniň özi hossarlyk etjek...

Şol wagt kimdir biriniň:

— Beh, görýän welin, bu hökümet bu golaýda gitjege meňzänog-ow – diýen sesi eşidildi.

Iňňän ýuwaş geplänem bolsa, onuň aýdanlaryny hemmeler eşitdi. Myhmanlaryň arasyndan haýsy milletdendigi belli bolmadyk, tegelek jozzuk gyzyl ýüzli, gözleri göm-gök atyňky ýaly uzyn sary dişleri somalyşyp duran, eginlek, boýy ortadan sähelçe ýokarrak gaýyşdan tikilen gara kurtkaly, gögümtil galife balakly, ýalpyldap duran, ýumşak gara ädikli bir adam kurtkasyna meňzeş, uzyn gaşly gara papagyny ýeňsesine süýşürdi-de, ses çykan tarapa seredip:

— Kim şol! Kim şony aýdan? – diýip, gygyrdy.

Ol hiç kim boýnuna alybilmez öýden borly, bir daýanykly ýaşulynyň:

— Şony diýen-ä men, ýagşy ýigit – diýip, ýaýkanjyrap öňe çykanyny gördü-de, bu guýunyň başynda ýaşaýanlaryň kimlerdigi ýadyna ýaňy düşen ýaly sesiniň badyny peseldip düýbünden başga terzden gopdy. – Sowet hökümedi hemmäni gowy durmuşda ýaşatmak isleýär. Ol bizi kommunizme alyp barýar. Bu, Leniniň ýoly – diýdi. Soň ol kommunizmiň nämedigi barada uzakdan-uzak söz sözledi. Iň soňunda-da: — Biz ýöne öňürti sosializm gurmaly, oňa-da siziň kömegiňiz gerek – diýdi.

Başga birem türkmen-ä däl Ruhy batyryň kepderi saklaýan keteginiň ýanyna bardy-da, ýap-ýaňyja sepilen dänäni çokaşyp, «gummurdaşyp» ýören kepderilere tarap barmagyny çommaltdyp.

— Şonuň üçin sen bularyňam ýok etmeli borsuň, sebäbi sen şular zerarly Guşly batyr adyny alan adam, şonuň üçinem, bularyň halkyň aňynda söweşjeňlik ruhuny oýarmagy mümkin. Sowet hökümedi bolsa parahatçylygy söýýär. Ganly söweşleriň gaýtalanmazlygyny isleýär.

Ruhy batyryň şonda näler: «Siziň hemmäňizem şeý diiýäňiz. Öňürti halky gyrýaňyz, ýurdy tozdurýaňyz, ilatynam gul edýäňiz-de, Soňundanam: geliň, indi gowy bolalyň parahat ýaşalyň, diýýäňiz. Gandan doýan soň aýrysakgalam şeý diýipdi. Sebäbi siz öz eden işiňiziň telekdigini, halkyň özüniňizden nägiledigini bilýäňiz, şonuň üçinem ondan gorkýaňyz“, diýesi geldi, ýöne, «ýeriň däldir ak taýak» diýenlerine eýerip saklanmaly boldy. Çünki, sähelçe kejine gaýtdygyň, olaryň eliňi arkaňa baglap näbelli bir tarapa alyp gidäýmekleri ýa alaňdan aşyryp atyp gidibermekleri jyda ahmaldy.

Howwa, Ruhy batyr şol gezek dişin-ä gysdy welin, ýöne has ýokuş gören zady ýaňky adamyň kepderiler babatdaky aýdanlaryny goldanlaryň arasynda eşiklerine çenli şonuňka meňzedilip duran türkmenleriňem, hatda Gökdepe urşuna gatnaşan adamlaryň ilen-çalanlaryňam bardygy boldy. Şol ýagdaý henizem erkinlik baradaky umyt-arzuwlaryndan el üzmän ýören garry batyry agyr oýa batyrydy. «Molla hakydanyň aýdyşy ýaly dogrudanam gurduň gurtlygy gutaraýdymyka? Syňragyndan sim geçäýdimikä? Jynsy üýtgäp gyzyljagurda ýa porsujagözene öwrüläýdimikä? Enehakyda ikimiziň şunça wagtlap edip gelen arzuwlarymyz puç

bolaýdymyka?» diýip, ol sowet häkimeýetiniň wekilleri gidenlerinden soňam esli wagtlap oýlanyp gezdi. Öz erkine tabşyrmasa mallarynyň barybir elinden zor bilen alynjakdygyna, özüniňem sowuk ýurtlara sürgün ediljekdigine doly düşündi. Muňa ýene bir onuň özi däl, aýaly Enehakyda-da, ogly Umydam, agtygy Arzuwam, Durdy batyram, Hakguýynyň başynda oturan beýleki çarwalaram doly düşündiler.

## 21. Halk täzeden aýaga galýar.

Sowet hökümediniň şolar ýaly diýdimzorlukly hereketleri netijesinde oba daýhanlarynyň we çöl çarwalarynyň nägileçilikleri hasam artdy. Arly-namysly ýigitler ýene-de gazap atlaryna atlandylar. Ýaraga ýapyşdylar. Hökümede güýç bilen garşylyk görkezip başladylar.

Ýeňilmedikleriň ilkinji nesillerinden bolan, ençeme wagt bäri Tejen sebitlerindäki guýularda otlap-suwlap ýören, Orazgeldi hanyň hem-de Ýüzbaýyň ýolbaşçylygynda Tejen ilatynyň turzan gozgalaňy şol döwrüň iň bir häsiýetli wakalarynyň biri boldy we hökümediň täze, ykdysady syýasatyna agyr zarba urdy.

Ýöne, 1931-nji ýylyň awgust aýynda sowet hökümedi tarapyndan guma iberilen 82-nji atly polk bilen bolan çaknyşykda Orazgeldi hanam, Ýüzbaýam öldürildi.

Şondan soň gozgalaňçylaryň aman galan bölegine maşgalalary bilen bilelikde ýolbaşçylyk etmekligi öň şol toparyň içinde bolan Annaguly han hem-de Garry molla ikisi öz üstlerine aldylar. Olaryň niýetleri gozgalaňy dowam etdirmekdi we ony mümkingadar ýurduň ähli sebitlerine ýaýratmakdy. Olar öňi bilen Hakguýa habar ýolladylar, hertaraplaýyn taýýar bolup durmaklaryny haýyş etdiler. Hakguýudakylar bu haýyşy höwes bilen kabul etdiler we beýleki guýulara-da çapar üstüne çapar ýolladylar. Ýaşy ýetmişden geçen Ruhy batyr bolup biläýjek hereket wagtynda ýeňilmediklere ýolbaşçylyk etmekligi ogly Umyda tabşyrdy. Bu barada ýeňilmedikleriň arasynda maslahat geçirip razylyklaryny aldy. Umyt hem öz gezeginde aşaklyk bilen, birwagtky Jüneýit hanyň ýanyna ikinji gezek gitmek üçin görülşi ýaly taýýarlyk görüp başlady. Ýigitleri bölüşdirdi, hersine ekabyr belledi. Soň beýleki guýulara gidip şolar ýaly taýýarlyk işlerini geçirdi.

Ýöne, köp wagt geçmänkä, Annaguly hanyňam daşary ýurda aşmaklygyň aladasynda gezip ýörendigi eşidildi.

Çünki, ol wagt söwet häkimeýet SSSR atly, özüni dünýä möçberinde ykrar etdiren, bir çetinde gije, beýleki çetinde gündiz bolup duran ägirt uly döwlete öwrülipdi, öz çäginde hereket eden «kontrrewolýusion» güýçleriň ählisinden üsyün çykypdy we kiçijik, aýry-aýry toparlar bolup garşysyna göreşerden has berkäpdi. Muňa Annaguly han basym düşündi. Ýene bir gezek guma hüjüm etdigi sowet

otrýadlarynyň özünem Orazgeldi handyr Ýüzbaýyň gününe saljakdyklaryna magat göz ýetirdi. Şonuň üçinem ol Garry molla bilen gyssagly maslahatlaşdy-da, malyny baýlykygyny alyp bu ýerden başyny gutarmak üçin özi ýaly göçermenler bilen birleşip, üsti ýükli ýigrimi düýeden ybarat kerweni kemsiz ýaraglanan kyrk atlynyň goragy astynda Owganystana geçirmekligi ýüregine düwdi. Göçmäge höwes bildirýänleriň galan bölegini soň gelip äkitmeli edildi.

Emma sowet işgärleri onuň bu niýetini bada-bat duýdular we ur-tut geçjek ýollaryny bagladylar. Serhetden aşmana mümkinçilik bermediler. Görkezen garşylyklary netijesiz bolansoň, göç şol ýerden Eýrana geçmäge mejbur boldy.

Annaguly hana diňe birnäçe aýdan soň Eýrandan Owganystana geçmek başartdy. Şol ýerde ol bu ýere mundan üç ýyl öň gelen Jüneýit han we onuň ogly Eşşi bilen birnäçe gezek duşuşdy. Gozgalaňçylaryň we göçermenleriň galan bölegini hem Owganystana getirmeklige ýardam bermeklerini sorady.

Annaguly han bilen Garry molla Eýrana geçenlerinden soň gozgalaňçylaryň gumda galan bölegine Ilaman beg hem-de Agdar han ýolbaşçy bolup galypdy. Gum içinde guýudan-guýa aşyp, ga çakçylyk edip ýörkäler olar Ahmet begiň ýolbaşçylygyndaky Daşhowuzly gozgalaňçylara sataşypdylar we şolara goşulypdyrlar.

Bu ýagdaýdan Jüneýit hanam habarly ekeni. Şonuň üçinem ol şol gezekki duşuşyklarynda Tejenli gozgalaňçylaryň galan bölegi bilen bilelikde Ahmet begiň toparynam alyp gaýtmaklygy Annaguly handan haýyş etdi. Ahmet bege öz adyndan çakylyk hatyny ýazyp berdi. Şeýle hem Hydyr diýen adamyň ýolbaşçylygynda alty adamdan ybarat ýaragly topary kömek hökmünde ýanlaryna goşdy. Adamlaryny bolsa iňlis ýaraglary, uly möçberde ok bilen üpjün etdi.

Elbetde, hemişe bolşy ýaly, gozgalaňçylaryň galan bölegini, şeýle hem dogan-garyndaşlaryny alyp gitmek üçin Annaguly hanyň Türkmenistana gaýdyp geljekdigindenem «GPU»-nyň işgärleri habarlydylar. Şonuň üçinem, olar ätiýaçdan Annaguly hanyň kakasyny we iki sany doganoglanyny tussag etdiler, onuň geçip biläýjek serhedini berkitdiler.

O zatlara garamazdan, 1932-nji ýylyň 5-nji ýanwar güni Annaguly han we Garry molla özleriniň altmyşdan gowrak atlylary bilen Guşgy sebitlerindäki serhedi böwsüp Türkmenistanyň çägine geçdiler. Ýanwar aýynyň 20-sine bolsa Daşajy guýysynyň başynda gozgalaňçylaryň Ilaman begiň hemde Agdar hanyň ýolbaşçylygyndaky galan bölegi bilen duşuşdylar.

Olaryň arasynda Ahmet begiň ýokdugyny görüp Annaguly han gynandy. Görüp otursa, tejenli gozgalaňçylar bilen duşuşandan soň Ahmet beg olara haýal etmän serhede tarap hereket etmekligi we basymrak ondan aşmaklygy teklip edipdir. Emma Annaguly hanyň gaýdyp gelmegine garaşýan tejenli gozgalaňçylar onuň

bilen ylalaşmandyrlar. Netijede Ahmet beg öz adamlaryny alyp aýdan tarapyna ugrapdyr. Gyzyl goşunyň otrýadlary ony entek serhede ýetmänkä gabapdyrlar we 1932-nji ýylyň 19-njy ýanwar güni ähli topary bilen bilelikde derbi-dagyn edipdirler.

Munuň hakykatdanam şeýledigini Ahmet begiň toparyndan aman galyp, yzyna gaýdyp gelen üç-dört sany ýigit hem tassyklady.

Şondan soň Annaguly han göçi çaltlandyrmak barada gozgalaňçylara görkezme berdi. Şeýle hem döwtalaplary ýygnamak üçin dumly-duşa ululy-kiçili toparlary iberdi. Has degerliräk ýerlere bolsa özi gitdi. Şondan soň Türkmenistanyň dürli sebitlerinden göçe bolan taýarlygyň güýçli depginde alnyp barylýan ýeri bolan «Daşajy» hem-de «Siňrenli» guýysyna gelýänleriň sany gün-günden köpeldi gitdi oturdy.

Annaguly han ýolugra ençeme guýylara degenden soň, Ruhy batyr bilen duşuşmak üçin ýüzüni Hakguýa tarap öwürdi. Ol henize çenli duşuşyp görmedik hem bolsa Ruhy batyryň gala söweşinden bäri şol ýerde öz erkinligini saklap oturandygyndan habarlydy.

Onuň geçen ýoly, edermençiligi, taryhy barada hem köp zatlar eşidipdi. Türkmen hakydasynyň şol adamyň ojagynda saklanýandygynam bilýärdi. Ýetmiş ýaşdan geçendigine garamazdan entek-entekler aňynyň ýitidigi, guýydakylaryň hemmesiniň ony ýaşuly, gowgaly günleriň diri şaýady hökmünde sylaýandyklarynam eşidipdi. Şonuň üçinem, ol tutuş Garagumyň içine ýaýran bu aýgytlaýjy pursatda onuň bilen ýüzbe-ýüz bolman, sözleşmän, maslahatlaşman biljek däldi.

...Ter gara sakgally, başyna ak ýaglyk daňynan, kyrk ýaşlaryndaky, daýanykly, ýüzi-gözi mähirli, mylaýymlyk bilen ýuwaşja gürleýän, durşuna dogum bolup duran bu adamy Ruhy batyryňam göreneinden sulhy aldy. Gadyrly salamlaşdy, görüşdi. Tejen ilatynyň başyna düşen pajygaly wakalardan habarlydygyny, Annaguly hanyň özi barada hem köp-köp zatlary eşidendigini aýtdy. Araky çakylygyndan soň, kömege gitmek üçin gum içinde uly taýýarlyk görülendiginem gürrüň berdi. Öz ýanyna maslahatlaşmaga gelendigi üçin minnetdarlyk bildirdi. Söwüş soýdy. Ýeke özüni aýratyn bir öýe salyp hezzetledi.

Annaguly hanyňam Ruhy batyra syny oturdy. Guşly batyr barada oglanlygyndan bäri rowaýat şekilli gyzykly gürrüňleri eşidip gelendigini, henizem özüni ýeňilmedik hasaplap çöl içinde hem bolsa erkinligini elden bermän, ors baýarlaryna-da, ant içip ähtinden dänen ýerli baýarlara-da bakna bolman oturandygy üçin ony özüniňem, uly iliňem sylaýandygyny aýtdy. Bolup ýören şu heläkçilikleriň hemmesiniň aňyrsynda türkmen tire-taýpalarynyň dagynyklygynyň

bir döwlet däldiginiň ýatandygyny aýdanda aňyrsynda ot ýanyp duran ýaly «öwhüldäp» dem aldy. Sözüniň soňunda bolsa:

— Elbetde, o ýere baranymyzdan soň bar zat gülala-güllük bolar, diýip, öňünden aýdybiljek däl. Hiç ýerde-de elpe-şelpelik ýa mugt gazanç ýokdur. Gaýry ýurduň Watan ornuny tutup bilmejekdigem aýdyň. Ýöne, iň bolmanda öz şahsy erkinligimizi saklap bilmegimiz üçin bizde şundan başga alaç ýok. Bular bu gün biziň elimizden ýerimizi, malymyzy alarlar, ertir aňymyzy alarlar, garaz, erksiz adamyň düşjek güni şoldur. Baknalyk hiç haçan baýnatmaz. Gazananyň baýaryňa gider durar. Ölmez-ödüňi berer, ýöne onam öz hyzmatyny etdirmek üçin, gulsuz galmazlyk üçin berer...

Annaguly han sözüne dyngy bererine mähetdel Ruhy batyr oňa sorag bilen ýüzlendi.

— O ýere baran adamlaryň ýer-suw, mülk, öri ýagdaýlary nähili bolar? Mysapyrçylyk çekip bu ýerdäkisindenem has kyn güne düşäýmezler-dä, hernä?

— Owganystanda bolan wagtym men Jüneýit han bilen gürleşdim. Ol sizem tanaýan ekeni. Görseň köp-köp salam aýt, diýdi.

— Esen bolsun... Salam iberenem, getirenem sag bolsun.

— Şonda ol özüniň Owgan döwletiniň ýolbaşçylary bilen gürleşendigini, egerde, göçüp geljek türkmenleriň sany köp bolsa, özbaşymyza welaýat edip bermekligi wada berendiklerini aýtdy. Şonuň üçinem, biz näçe köp adam ýygnasak, şonça-da gowy. Ýöne, zorluk üok, goý, her kim näme etmelidigini özi çözsün...

Annaguly hanyň «özbaşdak welaýat» diýen sözi Ruhy batyra hemme zatdan beter hoş ýakdy. Göwün maksadyny oýardy. Şonuň üçinem ol garry göwresine gelişmeýän ýeňillik bilen gürrüňdeşine tarap pwsun atanynam bilmän galdy.

— A belki özbaşdak döwlet bolmana ýardam ederler?

Köp zatlary aňynda aýlap, köp zatlary içinden ölçerip-döken bolsa gerek, Annaguly han uzak wagtlap aşak bakyp dymyp oturdy. Ahyram Ruhy batyra däl-de, öýüň ortarasyndaky ojakda ýanyp duran oduň ýiti ýalnyna seredip gürledi.

— Eýle bolsa-ha hasam gowy bordy, batyr aga... Ýöne, hakykatyň ýüzüne dogry seretmek gerek. Hiç döwlet öz döwletiniň içinde gaýry bir döwlet döretdirmez. Döretdiräýse-de şu wagtky şura hökümediniň edişi ýaly özüne garaşly, öz döwletiniň içindäki kiçijik döwleti döretdirer. Ýöne, o-da ikimiziň garaşýan döwletimiz bolmaz. Onsoňam ýene bir zat, batyr aga: Watandan gaýry, Watan bolmaz. Biz barybir iru-giç öz watanymyza dolanmaly bolarys. Erkinligimizi öz elimize almaly bolarys. Ýurdy başybitin eýesiz kesekiniň ygtyýarynda goýup gidip bolmaz. Şonuň üçinem, biziň bu wagtky bosgunçylygymyzy wagtlaýynça diýip düşünmeli. – Annaguly han diňe şondan soň başyny galdyryp Ruhy batyryň

ýüzüne seretdi. – Indi bolsa aýt, batyr aga, bu meselä seniň özüň nähili garaýaň? Gidýäňmi? Galýaňmy? Bu hakda pikir etdiňmi? Belli bir netijä gelibildiňmi?

— Maňa puruja ber, han. Men özümiňkiler bilen mashatlaşyp göreýin. Beýle uly meseläni ýeke çözmäýin. Sebäbi, biziň hemmämiziň ykbalymyz bir.

Annaguly han ýerinden turdy.

— Bolýa, batyr aga. Maslahatlaşyň. Bu iş dogrudanam ýöne-möne iş däl. Watany terk etmek hiç kime-de aňsat düşmez. Ýöne, ýagdaýy düşündirjek boluň. Egerde, bardy-geldi maslahatyňyz göçli tarapa syryksa, onda, haýal etmän Akmolla guýusyna barybermeli. Esasy ýygyn şol ýerde hem Daşlyjada boljak. Siňreklä ýygnanýanlaram bar. Soň hemmesini Hanguýa ýygnarys-da, Alla ýol berse lükgämiz bilen şol ýerden göterilibereris.

— Bor han.

— Hoş onda, sag oturyň.

— Saglykda görşeliň.

Sowetleriň gum içinde edýän soňky hereketlerinden nägilediklerini göz öňüne tutup, göçli meseläni ýeňilmedikleriň hemmesiniňem goldaýmagynyň ahmaldygyny Ruhy batyr çak edýärdi. Şeýle-de bolsa, Annaguly han gidenden soň ol bu barada öňi bilen öz maşgala agzalaryna sala saldy. Mundan bäş ýyl öň durmuşa çykarylan Arzuwam şol wagt atasy öýündedi. Şonça wagtyň içinde onuň çagasy bolmandy, üstesine adamsam köne guýularyň birini gazyp ýörkä ýokardan depesine daş gaçyp ýogalypdy. Şondan soň gaýynlaram yzly-yzyna ýurtlaryny täzeläpdiler-de ine, indi bir ýyla golaý ol şu ýerde. Ruhy batyr onam, on üç ýaşly Hakydajygam, ogly, aýaly bilen deň hatarda gapdalynda oturtdy. Şol maslahata ol özüniň ömürlik dosty Durdy batyram çagyrardy, ýöne, ol ýok, onuň dünýeden gaýdyş edenine entek bir aýam bolanok. Maşgalasy, çagalary bolsa başga bir guýa, garyndaşlarynyň golaýyna göçüp gitdiler.

Howwa, Ruhy batyr çagalaryna düýnki myhmanyň näme maksat bilen gelendigini aýtdy. Göçli meseläniň matlabyny düşündirdi.

— Häzirki hökümediň täze syýasaty bilen ylalaşman, ýurdy terk etmekçi bolýanlaryň sany juda känmişin. Diýmek, ýeke bir gum içinde däl, oba arasynda-da ýeňilmedikler az däl ekeni. Halk özüniň iň soňky – öz saçagyna özüniň erk edip bilmek mümkinçiligini elden beresi gelenok. Bizem şol ýagdaýda, Rysk bilen watan bir terezä mündi. Biz indi näme etmeli?

Umydam, Arzuwam, hat-da Hakydajygam bir wagtyň özünde diýen ýaly Enehakydanyň ýüzüne seretdiler. Ol esli mahal böwrüni diňläp oturandan soň uludan demini aldy-da:

— Görýän welin bu hökümet dogrudanam has uzak wagtlyk gelene, bäri-bärde başymyzdan sowulmajagam meňzeýär – diýip, söze başlady. – Çak edişime görä bu hökümet adamlaryň maly-mülküni elinden alany, ganyny sorany bilenem kanagatlanmaz. Iň ýamanam olar dini, Allany ret edýärlermişin. Metjit-medreseleri ýapdyryp, olaryň ornuna öz mekdeplerini açdyrýarlarmyşyn. Olarda okaýan okuwçylary hatara durzup: «Ogşukly, torumly gumdaky baýlar, az galandyr Aý-Günüňiz batmana» diýip, aýdym aýtdyrýarlarmyşyn. Oba içindäki baýlaryň mallaryny mülklerini ellerinden alyp, özlerinem maşgalalary bilen bilelikde Özbegistana, Täjigistana sürgün edýärlermişin. Şolary bir ýüzli edip bolansoňlar olar biziňem daşymyza geçerler. Mallarymyzy elimizden alyp, bizem barybir bir ýanlara göçürerler. Sürgün ederler. Iň bärkisi çagalarymyzy öz mekdeplerinde okamaga mejbur ederler. Başgaça okudarlar. Şol maksat üçin mekdeplerini şu guýynyň başyna getirmäne-de ýaýdanmazlar. Şondan soň: «Hudaý ýok diý», diýip, çagalarymyzyň kellesine urarlar. Hakydany çepbesine çöwrüp, taryha ters baha bererler. Ýaş nesliň hüý-häsiýetini görüm-göreldesini üýtgederler, olary öz ata-eneleriniň garşysyna goýarlar, netijede hakyky erkinligiň nämedigini bilmeýän, baknalyk bolsa-da garnynyň doýanyny özüne bagt saýýan, öňüni-soňuny, ýagşyny-ýamany seljermeýän, ata-babasynyň däl-de, öz üstünden agalyk edýän baýarynyň şöhratyna buýsanýan, öz diline, sungatyna, milli däp-dessurlaryna sarpa goýmaýan, bu günkülere düýbünden meňzemeýän başga bir nesil emele geler. Hakyda ýatdan çykar. Ine, şonda halka halkyň hakyky hakydasyny ýatladybiljek hakydaçyl adamlar gerek bolar. Şol adamlary taýýarlamak şol gün aýawly saklamak bolsa bize bagly. Şonuň üçinem mal-mülkümiziň hatyrasyna däl-de, iň bolmanda halkyň hakydasyny gorap saklamaklygyň hatyrasyna bulardan arany açmagymyz gerek. Ras, erkinligimizi gorap bilmedikmi, hakydamyzy bir goralyň. Bize diňe şol ýol galýar. Şol borjy ýerine ýetirip bilsek, indiki nesliň öňünde uly iş etdigimiz bolar. Watana bolsa biz iru-giç dolanyp geleris. Biz gelibilmesegem nesillerimiz geler. Olar bilen bilelikde bu ýere onuň hakydasam dolanyp geler.

Enehakydanyň: «Iň bolmanda hakydamyzy halas etmegimiz gerek» diýen tolgundyryjy sözleri maşgala agzalarynyň ählisine iňňän uly täsir etdi. Kalplaryny lerzana getirdi. Çünki, olaryň hemmesi aňlarynda halkyň hakydasyny göterip ýördüler. Enehakyda atasyndan öwrenen hakydasyny ogly Umyda öwredipdi, soň ol ikisi birigip ony ýaş Hakyda öwredipdiler. Olar ony oňa häzirem öwredip ýörler.

Ol welin garaşylyşyndanam has ezber, ýatkeş, tüýs öz adyna mynasyp ogul bolup ýetişdi. Öwredilýän zatlaryň ýekeje sözünem sypdyrman ýat tutdy. Gije-gündiz

dynman gaýtalady. Aňynda aýlady. Berkitdi. Mahal-mahal bolsa hem kakasynyň, hem uýasynyň synagyndan geçdi.

Oňa ýeke bir öz hossarlary däl, eýsem ýeňilmedikleriň ählisem guwanýardylar. Halkyň hakydasynyň hiç haçan ýerde ýatmajakdygyna begenýärdiler. Buýsanýardylar. Ýaşlygyny göz öňüne tutup soňabaka oňa Oglanhakyda diýip başladylar. Bu at oňa hasam gowy gelişdi. Muny onuň özem gowy gördi. Käteler agyr märekäniň içinde özüniň inçejik, sesi bilen hakyda aýdyp oturan çagany daşyndan synlamak her kim üçinem ýakymlydy. Onsoňam, halkyň hakydasynyň indiki sahypalaryny aňyna ýazmagam Oglanhakydanyň paýyna düşüpdi.

Dabarasy dag aşan ýaş hakydaçyny diňlemek üçin ýeke bir goňşy guýulardan däl, eýsem uzak-uzak ýaýlalardan obalardan, şäherlerdir-kentlerdenem hatda başga sebitlerden, welaýatlardan gelýänleriňem sany-sajagy ýokdy. Olaryň içinde garrysam, ýaşam, aýalam, erkegem bar. Gojalar hakydanyň soňky sahypalarynyň arasynda özlerini görüp geçmişleine buýsanýan bolsalar, bolup geçen elhençlikleri, wepat bolan deň-duşlaryny, dost-ýarlaryny, has beterem elden gidirilen ýurtlaryny ýatlap gynanýardylar, gözýaş döküärdiler. Ýaşlar bolsa öz ata-babalarynyň görkezen deňsiz-taýsyz gahrymançylyklary barada eşidip öz-özlerinden hyruçlanýarlar, joşýarlar.

Umuman, şol döwür «Guşly batyryň guýusy» diýen ikinji ada eýe bolan Hakguýy türkmen halkynyň hakyda mekdebine öwrülipdi. Çünki, ol mekdepde «okadylýan» hakyda ýeke bir ahal ýa teke türkmenleriň däl, eýsem külli türkmen halkynyň, gadymy tur – oguz taýpalarynyň, galyberse-de, bir ujy baryp ähli türki halklaryň taryhy gözbaşlaryna direýän hakydady. Halkyň ruhy iýmitidi, milli guwanjydy, arka daýanjydy, akyl söýenjidi.

Ýöne, ak patyşanyň dikmeleri gaty bir üns bermedik hem bolsalar, merkezden has alysda, syýasatdan sowa ýerde ýerleşen bu «mekdep» sowet häkimiýetiniň «ýiti gözli» Ge-Pe-U-şnikleriniň nazaryndan sypmady. Olar bu mekdebiň sapaklarynda özleri üçin örän uly howp duýdylar. Haýdan-haý onuň öňüni almaklygyň ugruna çykdylar. Agyr hem sowuk ýüzli, şo-ol, bir wagtky gelip, Guşly batyryň kepderilerine tarap barmagyny çommaldan adamyňky ýaly egni gara gaýyş kurtkaly, şon deý papakly, ädikli, balakly, eginlerindenem dört burç gaýyş sumka asylan adamlaryň käte özleri gelip maşgalabaşy hökmünde Ruhy batyrdyr – Enehakyda bilen şol tema boýunça gürrüňçilik geçirýärdiler, käte bolsa olary telim günlik ýola äkidip edaralarynda sorag edýärdiler. «Olar ýaly bolgusyz zatlar bilen çagalaryňyzyň beýnisini bulaşdyrmaň, aňlaryny zaýalamaň, gaýtam oba iberiň, özüňizem göçüp geliň, goý, olar täze açylan ak mekdeplerde okasynlar, kommunistik terbiýe alsynlar, Beýik Leniniň ideýalaryndan ruhlansynlar, dünýädäki iň kuwwatly döwletleriň biri bolan SSSR atly Watanymyza wepaly

bolsunlar» diýýärdiler. Öz şübheleriniň ýerliksiz däldigini subut etmek üçin käte olary käbir adamlar bilen ýüzleşdirýärdiler. Ýöne hiç kim: «Şularyň özlerinden ýa çagalaryndan nähilidir bir üýtgşik zat eşitdik», diýmeýärdi. Ýüzlerine durmaýardy. Netijede, soragçylar tutaryksyz galýardylar we halys nätjeklerini bilmän Ruhy batyrdan hem-de Enehakydadan: «Han-begleri, feodal durmuşy wasp edýän dini we söweşjeň ruhly rowaýatlary, hekaýatlary halk arasynda biz özümiz-ä wagyz etmeris, çagalarymyza-da etdirmeris, sowet hökümediniň syýasatyna garşy gitmeris, Lenine, Staline dil ýetirmeris,agitasiýa ýöretmeris» diýen ýaly manyda düşündiriş ýazmaklaryny talap edýärdiler. Olaram ýazýardylar, ýöne, «mundan buýana» diýip däl-de, asla biz olar ýaly gürrüň edemizok, çagalarymyza-da öwredemizok, diýip ýazýardy;ar.

Ýagdaý şeýle bolansoň Enehakyda çagalaryna hemişe seresap bolmaklygy tabşyrýardy. «Çem gelen ýerde, çem gelen adamyň ýanynda hakyda aýdyp ýörmäň, sebäbi olaryň il arasyna «tilki» goýberäýmekleri mümkin» diýýärdi. Hakydasynda halkyň hakydasyny göterip ýören çagalaryny ähli derdi-belalardan, gep-gürrüňlerden, has beterem ýaş nesliň aňyna düýbünden başga terbiýäni guýup başlan sowet häkimiýetiniň kommunistik ideýalaryndan goramaga çalyşýardy. Ol ideýa bolsa her gün bir gerişden aşyp, Garagumyň jümmüşine tarap süsdürilip gelýärdi.

Ine şonuň üçinem, Enehakyda Ruhy batyryň göç-gon baradaky soragyna ýaňky ýaly çürt-kesik hem-de döwtalap jogap berdi.

Ruhy batyra ony baş atyp makullaýmakdan başga alaç galmady. Ony çagalaram biragyzdan makulladylar.

Indiki maslahat ýeňilmediklerliň barysy bilen bilelikde, geçirilmelidi. Ol hut şeýle hem boldy. Öz garaýşynam, Enehakydanyň garaýşynam Ruhy bayr olara açyk görnüşde aýdyp berdi.

Ruhy batyryň garaşyşy ýaly, Hakguuda oturanlaryňam, beýleki guýulardan gelenleriňem barysy biragyzdan: «Göçmeli! Özümizem, malymyzam, baýlygymyzam hakydamyzam halas etmeli» diýdiler.

Şeýdibem, göç meselesi çözüldi.

Çarşenbe güni çäş wagty olaryň barysy bir wagtyň özünde diýen ýaly, niredesiň Akmolla guýusy, diýip, ýola düşdüler.

Beýleki guýudakylaram öňli-soňly, assa-ýuwaş şol guýa tarap ýöriş etdi.

## 22. Ugur Owganystana tarap

Ol ýere baranlaryndan soň Ruhy batyr göçhä-göçlügiň geriminiň öz çak edişindenem has giňdigine göz ýetirdi. Ahal bilen Daşhowuz aralygyndaky çöllügiň dürli ýerlerinden üsti kejebeli, ýürekli ýa-da goş-golamly düýelerini idişip, süri-süri mallaryny sürrekledişip gelýän adamlaryň sany-sajagy ýok. Mallaryň aýaklarynyň aşagyndan göterilýän tot-tozandan ýaňa daş-töwerek saýgardanok. Goh-galmagalyň derdinden ses-üýn alşar ýaly däl. Soňabaka oýuň içindäki ibirtde-zibirtlik şeýle bir köpeldi welin, her dürli öý haýwanlarynyň garjaşyp, başly-barat çykýan seslerinden ýaňa tutuş Garagumyň içinde kimdir biri baýyrlara kybapdaş äpet pianinony aýakaldygyna «waňňyrdadyp» oturan ýaly boldy.

Hökümet işgärleriniň häli-şindi gum içindäki guýulara aýlanyp: «Baýlara aldanaýmaň, gaýry ýurtlara göçäýmäň, gitseňiz hor bolarsyňyz, gowusy kolhoza giriň», diýip, wagyz edip ýörendiklerine garamazdan, günüň-gününe dowam edip duran erewde-berewlik «Akmollanyň» oturymly ilatynan goşa ýapyşmaga mejbur etdi. Tüýs: «Türkmeni göçürjek bolsaň gapdalyndan göç geçir» diýenleri boldy.

Annaguly hanyň guýa gaýdyp gelmegi bilen göçe taýýarlyk işleri hasam güýjerledi. Göçmäne isleg bildiren birnäçe hojalygy ýany bilen alyp gelýärkä, gyzyllaryň kiçiräk bir otrýady bilen bolan çaknyşykda Garry mollanyň wepat bolandygyny eşidip ol örän gynandy. Şondan soň göçe ýolbaşçylyk etmekligi onuň bir özi üstüne aldy.

1932-nji ýylyň 16-njy fewral güni bolsa, Annaguly hanyň aýdyşy ýaly, göçmäge isleg bildiren hojalyklaryň ählisi «Hanguýa» ýygnandy. Şol günem: Hemmeler ýol – azyk şaýlaryny tutsunlar, ertir irden ugraljak diýip, buýruk berildi.

Şondan soň mal soýulşyk başlandy. Soýulýan mallar esasan düýeden ybarat bolup, her kim şondan gowurdak taýýarlady. Bugdaýy barlar gowurga gowurdylar. Çünki, şol zatlar bilen mydar etmeseler, çörek ýok diýen ýaly. Şonuň üçinem, adamlar şol ýyly soň-soňlaram «kelte açlyk» diýip ýatladylar ýördüler.

Ruhy batyram Umyt bilen öz düýeleriniň birini öldürdi. Enehakyda gelni we gyzy bilen eti gowurdy. Ony özlerinde bar bolan gap-gaçlara, küýzelere gapgardylar.

Maşgalabaşylar daň bilen turup düýelerini çökerdiler, howut saldylar, «ýürek» edip, hersiniň içine çagalary bilen bilelikde iki zenany mündürdiler. Ýortmançarak oglanlary bolsa howutlaryň gapdalyna daňdylar. Oglanhakydanam şeýtdiler.

Gün doguberendenem düzüminde 125 sany ýaragly, 200-e golaýam ýaragsyz ýigit, 500 sany aýal-ebtat we çaga, şeýle hem 1000 sany ýükli düýesi bolan agyr uly göç älemiň günorta burçuny nazarlap ýola düşdi.

Oglanhakyda daş-töweregini synlap barýar. Ony baryndan beter geň galdyrýan zat göçüň ýaýrawy. Edil, ýer süýşen ýaly. Düýeler biri-birine päsgel bermän hatar-hatar gidip barýarlar. Onuň hasabyna görä olar ýigrii hatardanam gowrak. Goýun sürüleri göçüň yzyndan ala-tozan turzuşyp gelýärler. Olaryň inçeli ýogynly

mäleşýän sesleriniň arasy bilen käte bir sürrekçileriň «haýt-haýty» hem eşidilip gidýär.

Annaguly han mahal-mahal Ruhy batyryň ýanyna gelip käbirzatlar barada at üstünden maslahatlaşyp gidýär. Olaryň gep-gürrüňlerinden çen tutup, Oglanhakyda barmaly ýerleriniň Owaganystan, onuňam Hyrat welaýatydygyny, şeýle hem göçüň yzyndan gyzyl goşun otrýadlaryndan kowgy gelýändiklerini, ýoldaky guýularyň saklawlydyklaryny hä diýmänem demir ýoly kesip geçmelidiklerini aňýar.

Hertaraplaýyn päsgel bermek üçin, hökümediň görkezmesi boýunça gyzyl goşunyň göçüň yzyna düşüp gelýän otrýadyna Hanguýudan 15 kilometr çemesi daşlaşanlaryndan soň ýene bir otrýad gelip goşuldy. Türkmenistan SSR-niň Döwlet syýasy uprawleniýesi tarapyndan dagly-atyjylyk diwiziýasynyň komandowiniýesine bosgunlary demir ýoldan geçirmezlik barada görkezme berildi.

Olara goldaw üçin Aşgabatdan bir sany bronopoýezd hem iberildi.

Kowgy gelýän iki ortýad 19-njy fewralda Jojukly stansiýasyndan 50 kilomertlik demirgazykda bosgunlaryň yzyndan kowup ýetdiler we gabawa salmak arkaly ýok etmäge synanyşdylar.

Emma, güýçleriniň san, tehnika hem ýarag taýdan agdyklyk edýändigine garamazdan, gyzyl goşunyň bölümleri bosgunlaryň öňüne böwet bolup bilmediler.

Annaguly han örän guramaçylykly hereket etdi we olaryň hüjümlerini birsyhly yza serpikdirdi. Üstesine iki gezek dagy öz ýigitleri bilen duşmanyň üstüne çozuşam etdi. Bosgunlar şu ýagdaýy tä gün ýaşýança elden bermediler.

Ýöne ýitgi uly boldy. Şol söweşde bosgunlar öz ýolbaşçylary Annaguly hany, şeýle-de altmyşa golaý söweşijilerini ýitirdiler.

Merhumlar howul-hara jaýlanyldy. Duşmanyň tapmazlygy we meýdine zerep ýetirmezligi üçin Annaguly hanyň mazaryny tekizlediler, üstünden mal sürdüler. Şol gün güýçli ýelem turdy-da, onsuzam köp zadyň yzyny ýitirdi.

Şondan aňryk gozgalaňçylara ýolbaşçylyk etmekligi öň Annaguly hanyň sag goly bolup ýören Meret tentek, Agdar han hem-de Kadyr Halnazar dagylar öz üstlerine aldylar.

Bosgunlardan beýle güýçli garşylyga garaşmadyk hökümet işgärleri, olary Jojuklydan geçirmezlik üçin gyssagly suratda hüjümi gaýtalamaly, diýip, goşun bölümleriniň başlyklaryna buýruk berdiler.

Göç Jojukla gije geldi. Şol wagt Aşgabatdan gelýän bronopoýezdiň ýiti şöhleli çyrasy garaňkylygy böwsüp gitdi. Göç demir ýola ýetmän durdy. Otly alaşakyrdy bolup olaryň öňüni kesdi. Ekabyrlaryň: «Ümsüm duruň, sesiňizi çykaraýmaň»

diýip sargandyklaryna garamazdan, bosgunlaryň arasyndan birdenkä «gümpüldäp» tüpeň sesi çykdy. Ok baryp bronopoezdiň yzyna tirkelen wagonyň aýnasyna degdi. Aýna döwüldi. Meret tentek bilen Agdar han ikisi ok atanyň kimdigini biljek bolup iki ýana at saldylar. Sögünişdiler. Olaryň:

— Kimem bolsa dönükdir, göçüň barýan ugruny bildirmek üçin şeýdendir diýen sözleri ara golaý däl hem bolsa Oglanhakydanyň gulagyna anyk, ýöne, üzlem-saplamrak eşidildi.

Duýdansyz atylan ok bosgunlaryň şol ýerdediklerini dogrudanam duşmana äşgär etdi. Otly ilk-ä ýörişini haýallatdy, soňam togtady. Şeýle-de bolsa iki tarapdanam soweş hereketleri bolmady. Dogry, bosgunlar gijäniň dowamynda birnäçe gezek demir ýoly kesip geçmäge synanyşdylar, emma bronopoezd öňe-yzy süýşmek arkaly birsyhly olaryň ýoluny kesdi durdy. Daň atandan soň bropoezdiň hem içinden, hem daşyndan ok ýagdyryp başladylar. Bosgunlardan ölýän kän, mal-gara ýitgisem bolman duranok, ýöne, özleriniň welin edibilýän zatlary ýok. Asla okuň nireden gelýäninem bilip bolanok. Ahyrynda Meret tentek olara pytrap, demir ýoldan bölek-bölek bolup geçmekligi buýurdy. Bu pirim paşdy. Bronopoezd olaryň haýsy biriniň öňüni kesjegini bilmän aljyrady. Ahyram orta ýolda durdy-da, çar tarapa ok sepeläp ugrady. Ýöne, bosgunlar basym arany açdylar we ok ýeterden daşlaşdylar.

Bronopoezd yzdan gelýän iki otrýady goldamalydy. Emma olar wagtynda gelip ýetişmediler. Şeýle hem Jojukly we Dörtguýy aralygynda öňden bäri garaşyp duran Orta Aziýa harby okrugynyň iki bölümi hem bronopoezde kömege gelmelidiler, emma olaram beýleki otrýadlara arkalanyp wagtynda gozganmadylar. Şeýlelikde Jojukly we Dörtguýy stansiýalarynyň arasyndaky üç kilometrlik meýdan gözegsiz galdy. Bu ýagdaýdan bosgunlar ussatlyk bilen peýdalandylar we şol aralykdan sag-aman geçip gitdiler.

Ýagdaýyň has çylşyrymlaşýandygyna göz ýetiren hökümet işgärleri 20-nji fewralda bosgunlaryň yzyndan 30 soldatdan ybarat otrýady Jojuklydan kowgy iberdi. 82-nji kaweleriýa polkunyň 50 soldatdan ybarat otrýadyny bolsa Marydan Şehitlä tarap ýollady. 50 adamdan ybarat ýene bir otrýad Ymambabadan, serhet goragyna degişli 65 atlydan ybarat otrýad Sarahsdan şol ugra ýollanyldy. 83-nji kawaleriýa polkuna degişli 100 atly Sarahs bilen Guşgy aralygyndaky Islim çeşme we Akrabat zastawasyna, bosgunlaryň öňünden çykmak üçin iberildi. Şeýle hem okuw-serhet diwiziýasynyň 140 adamdan ybarat esgeri Daşköpri stansiýasyna tarap gitdi.

Şolaryň hemmesi bosgunlaryň ýoluny bökdemek, gabamak, ýok etmek üçin niýetlenen bölümlerdi. Olar ahyrsoňy bir ýerde birikmelidiler we uly güýje öwrülip olara kun-peýekun ediji agyr zarba urmalydylar.

21-nji fewral güni ir sagat 7-de, Jojuklydan 70 kilometr günorta-gündogarlykda gozgalaňçylar 82-nji kawaleriýa polkunyň Kurbatow tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän atlylary bilen çaknyşdylar. Olar bu gezegem örän erjel söweşdiler. Kurbatowyň otrýadyny gabawa saldylar we oka tutdular. Güýçli hüjüme döz gelip bilmedik otrýad söweş meýdanynda ona golaý soldatyny hem-de birnäçe pulemýodyny galdyryp gaçmak bilen boldy. Üç sany soldat bolsa ulyili bilen «wägirşip» bütinleý başga tarapa gaçdy. Daşyndan seredeniňde olar öň bular ýaly agyr söweşlere gatnaşyp görmedik, indem urşuň nähili aýylganç zat ekendigine göz ýetirip akyllaryndan azaşana meňzeýärdiler.

Yza çekilen otrýada öýlänaralar, öňli-soňly ýene-de üç otrýad gelip goşuldy. Olar birleşip bosgunlaryň üstüne hüjüm etdiler. Gabawdaky otrýadam täzeden hüjüme geçmek bilen, bosgunlaryň halkasyny böwüsdiler, gabawdan çykdylar.

San taýdan azdyklaryna, ok-ýarag şaýlarynyň ýetmezçilik edýändigine garamazdan, bosgunlar şondan soňam göçi öňe goýberip, üç-bäş kilometr giňlikde front liniýasyny eýelemegi we tä garaňky düşýänçä saklamaklygy başardylar.

Garaňkynyň düşmegi bilen söweşi bes edip, olar göçüň yzyndan gitdiler. Ýeten ýerlerinde goş ýazdyrdylar, düşlediler. Gije dynç alyp, ertesi ýene-de ýollaryny dowam etdirdiler.

Gün guşlukdan agyberende çola ýerde ýerleşen haýsydyr bir guýynyň üstünden bardylar. Megerem, göçüň öňüni saklamak üçin goýlan bolsalar gerek, guýunyň töwereginde gyzyl esgerleriň kiçiräk topary gaýmalaşyp ýör. Bosgunlara gözleri düşenden olar ýaraga ýapyşdylar we atyp başladylar. Artykmaç ýitgi çekmezlik üçin, Meret tentek göçe aýlaw edip, ýagydan sowlup geçmekligi buýurdy.

Indi adamlary suwsuzlyk belasam basmarlap başlady, hern-ä olaryň bagtyna şol gije çöpe gyraw düşdi. Muňa hemmeler begendiler. Ir bilen çöpleriň ujundaky gyrawlary kakyp alyp, az-owlak bolsa-da özleriniňem, çagalarynyňam bokurdaklaryny öllediler.

Mallar welin şol suwsuzlygyna galdylar.

Günortana golaý göç ýene-de bir guýynyň üstünden bardy. Onuňam daşy goragly ekeni. Ýöne, her niçik hem bolsa bosgunlar oňa zabt etmeli boldular.

Uzaga çekmedik atyşykdan soň, san taýdan onçakly köp bolmadyk esgerler yza çekildiler. Bosgunlar şol ýerde düşläp, mallaryny suwa ýakdylar, özlerem ine-gana içdiler, doýdular, gaplaryny doldurdylar. Az-kem dynçlaryny alybam, basymrak kowgydan arany açmak, hem-de serhede golaýlaşmak maksady bilen ur-tut ýola düşdüler.

Gidip barýarkalar Meret tentek, Agdar han, Kadyr Halnazar we başga-da birnäçe adamyň göçüň o çetinden bu çetine, bu çetinden o çetine at segredip, käte tirkeş düýeleriň arasy bilen keseligine parran geçip ýörüşlerini Ogalnhakyda leňňerli

düýäniň üstünde, synlap barýar. Olar düşleg wagty gijesine ot ýakmazlyklaryny, gündizine tüsse çykarmazlyklaryny goh-galmagal etmezliklerini bosgunlardan haýyş edýärler. Iki-ýeke gulak asmajak bolýanlara käýeýärler, abyr-zabyr edýärler.

Şol gün agşamaralar düşlemek üçin goş ýazdyrdylaram welin, edil bilgeşleýin edýän ýaly biriniň düýesi botlady.

Meret teentek oňa:

— Köşegiňi öldür, ýogsam ýolboýy bozlap bizi duşmana äşgär eder – diýdi.

Emma mal eýesiniň beýdere gözi gyýmady. Sebäbi ol göçden öňem düýesiniň basym botlajakdygyny, ýene bir malynyň köpeljekdigini otursa-tursa diline alyp, begenip ýördi. Şu göçe-de dogrusy ol tizara dünýä injek şojagaz köşejigini kolhozdan halas etmek üçin goşulypdy. Şonuň üçinem ol Meret tentegiň ýüzüne naýynjar bakdy-da:

— Inim, sen bilýäň-ä, ýolugruna öldürip gidiberer ýaly meň üýşüp ýataan malym ýog-a...

— Bilemok! Sen zerarly men munça adamy gyrgyna berip biljek däl – diýdi-de, Meret tentek atynyň başyny başga bir tarapa öwürdi.

Mal eýesi köşegini o gije-hä bir öldürmedi, ertesi ugraljak wgtam düýesiniň üstüne «ýürek» etdi-de, şoňa saldy.

Köşek welin Meret tentegiň aýdyşyndanam beter, üznüksiz bozlap giň-giň gollara ýaň saldy gitdi oturdy. Halys bolmandan soň Meret tentek Agdar hanam ýanyna alyp geldi-de içinden ot syçrap duran ala gözlerini agdar-düňder edip:

— Köşegiňi öldürmeseň häziriň özünde böwrüň gyzýa – diýdi.

Agdar hanam onuň diýenlerini gaýtalady.

Rejäniň geň däldigini aňan mal eýesi olar bilen bialaç ylyşmaly boldy. Hyrçyny dişläp gözüne ýaş aýlady-da, sessiz-üýnsiz düýesini çökerdi. Köşegini ýürekden çykardy. Güýldi. Meret tentege görä ýukaýüregräk hasap etdimi, nämemi ol köşeginiň damagyny çalmazdan ozal ýaşa dolan gözlerini Agdar hana tarap naýynjar aýlady.

— Bolmasa göçden galaýaýyn men. Şundan dynsam maňa baran ýerimde-de güzeran ýok. Köşeginiň öldürlenini görse enesiniňem bagry ýanar, gaýdyp botlamaz.

Agdar handan öňürti jogap beren Meret tentek dogrudanam özüniň oňa görä gyzmajrakdygyny ýene bir gezek görkezdi.

— Bar! Gaýdyber yzyňa! Ýöne şura hökümeti seň ýeke köşegiňi däl, düýäňem eliňden alar. Özüňem tussag edip Sibire iberer... – Mal eýesiniň gorkup ugranyny görüp Meret tentek hasam dyzady. – Nämä dursuň, bar git-dä!.. Ýa saklaýan bamy seni...

Mal eýesi ýene bir salym ekabyrlaryň ýüzüne seredip durdy-da, bäri güýlüngi ýatan köşeginiň üstüne egildi. Golundaky gol boýy pyçagyny onuň bogazyna goýdy. Pyçak iňňän ýiti bolsa gerek sähelçe süýkänden gan zogdurylyp çykdy. Köşek iň soňky gezek, ýöne öňkilerindenem hs naýynjar we gyryljak „bögürdi“. Bi işi mal eýesiniň nähili kynlyk bilen ýerine ýetirendigini görüp, adamlar erbet gynandylar. Häliden bäri ogryn-dogryn gözläp duran, ene düýe-de şondan soň aýylganç bagyryp balasyna tarap eňdi. Birnäçe adam bir bada onuň öňüne böwet boldy. Ýöne, ol her bökende özüni adam boýy ýokary zyňdy, patanaklady, bagyr ňwusyna çydap bilmedik bolsa gerek, aram-aram on-ýigrimi ädim aňryk çekildi-de, şol ýerde iki dyzyna çöküp kükregini ýere oýkady, soň turup ýene-de bäriligine tarap dyzady. Mahlasy uly, düýäniň gopguny köşeginiňkidenem beter boldy. Adamlary aljyratdy.

Henizem ganly pyçagyny elinde saklap duran mal eýesi ýalňyşanyny bilen ýaly, bir çetde at üstünde hyrçyny dişläp, ýüzüni kese sowup oturan Meret tentege seredip gyjytly gürledi.

– Näme, indi munam öldüreýinmi?

Meret tentek sessiz-üýnsiz at başyny yza öwürdi. Agdar hanam onuň yzyna düşdi. Haýsydyr birr ýaşuly gelip mal eýesiniň egnine elini goýdy.

– Köşegiň läşini enesiniň gözüniň öňünde saklama. Ýigitleriň birinden öňe iber. Şeýtseň enesem şo tarapa gider. Ýadyndan çykyşýança başga alaç ýok... – Ýaşuly aşak bakyp pessaý gürledi. – Sen Meret dagydanam gaty görme. Olaryňkam dogry. Boýunlaryna alan ýükleri agyr.

Mal eýesi ahyry ýaryldy.

– Baryňyz menden akylly bolduňyz. Mundan soň näme etmeli bolsa özüňiz ediberiň, men-ä lütjek goýduňyz! – diýende, kükregi ýarylaýjak boldy. Saklanybilmänem aglady. Ony görüp, onuň çagalaram, aýalam ýerli-ýerden, hünübirýan aglaşmaga başladylar.

Entek doly arany açyp ýetişmedik Agdar han dolanyp yzyna geldi-de, töweregindäki ýigitlere ýaňky ýaşulyň aýdyşy ýaly köşegiň läşini öňe ibermek barada buýruk berdi. Şol buýryga amal etmekleri bilenem ene düýäniň howsalasy köşeşdi. Ol eýesiiň «haýt-haýtynada” bakman, iňňe ýitiren ýaly boýnuny öňe süýndürip köşeginiň yzyndan söltüledi gitdi oturdy.

Howudyň gapdalynda leňňerläp gelýän Ogalnhakyda Jojuklydan aňyrdaky we ondan soňraky bolan atyşyklar mahaly köp-köp elhenç wakalaryň şaýady boldy. Käbir ýaş çagalar şonda ejeleriniň elidekä ok degip ölýärdiler. Gelinler öli

çagalaryny bagyrlaryna basyp ep-esli ýere çenli ylgaşlap gidýärdiler, bir bukyrak ýere barybam dyzlaryna çöküp oturýardylar-da, hamala şeýtseler jan giräýjek ýaly, çagalarynyň ýüzüne tiňkelerini dikip, iki elleri bilenem neressejikleriň eýýämhaçan buz garakesege dönen jansyz göwrejiklerini silkeleýärdiler, atlaryny tutup jynssyz-jynssyz gygyryşýardylar, halys bolmajagyna gözleri ýetenden soňam ýerde goýaýrdylar-da, ellerini öwsüşip, iki dyzlaryna, kükreklerine ýuwruklaşyp ulyilleri bilen aglaşmaga başlaýardylar. Käbirleri bolsa towsup turýardylar-da, ölüp ýatan ýigitleriň biriniň tüpeňini ýüzugra garbap alyp, entek atmanam bilmeýändiklerine garamazdan tüpeňlerini gezeşip duşmana tarap okdurylýardylar.

Oglanhakydanyň hakydasyna ýap-ýaňyja ýazylan şol wakalaryň ornuny şondan soň ondanam has pajygaly suratlar eýeledi. Ürgün çägeli ak alaňlaryň ýüzünde uçmadan galan gyzyl arylar ýaly ýer bagyrtlaşyp ýatan gyzyl ketenili negözel gyzlaryň, gelinleriň, ak gyňaçly eneleriň, ak sakgally gojalaryň, neresse çagajyklaryň guma garyşyp ýatan ganly jesetlerini görmejek bolup ol her gezek ýüzüni başga tarapa öwürdi. Ýöne, haýsy ýana baksa-da, gözi şondan ibaly zada düşmedi.

Howwa, ýagdaý diýseň agyr. Pajygaly. Sebäbi, güýç deň däl. Ýigitler öz göwün-maksatlaryna ýetip bilenoklar. Hemişe bolşy ýaly bu gezegem käbirlerinde iňlis onbatarlary bar diýäýmeseň, köpüsi agzyndan oklanýan hyrly, niline peşeňli bir ok sygýan berdanka, gylyç bilen ýaraglanan. Aglabasynda-ha o-da ýok. Geçen gezekki tutluşykda olja alan pulemýotlaryň bolsa üçüsinem: «Maňa-da ýok, saňa-da» diýýäge-de, guma gömdüler gidiberdiler.

Kowgunçylaryň welin ýaraglary gurgun. Oklary köp. Şonuň üçinem, uruş wagty olar tarapdan-a birsyhly pulemýotlaryň «ta-ta-ta-ta», «ta-ta-ta-ta» sesleri gelip dur, bosgunlar tarapdan bolsa kä bir: «tark-turk», «park-purk» edip ýaňsyz, guraksy çakyr ses çykýar. O-da nirä gidýär, nirä ýetýär, baryp kime degýär, bellisi ýok. Şonuň üçinem, her gezekki çaknyşykda bosgunlaryň çekýän ýitgileri gyzyl esgerleriňkä garanda onlarça köp bolýar.

Ýigitleri kejikdirýän esasy zat ana, şol! Dişlerini gyjaşyp, ýüzlerini garaört edişip duruşlaryna namysdan ýaňa käbiri dagy hut, ýarylaýjak bolýar. Hunlaryna bäs gelibilmän möňňüriberýänlerem az bolanok.

Gyzy Arzuw bilen bir «ýüregiň» içinde «Ýa Alla, ýa Huda-aý, ýa Perwerdigä-äri-ä...» diýip, gujaklaşyp oturan Enehakydanyň ýadyna şol wakalar bir wagtky Gökdepe gyrgynçylygyny ýere gaçan ýyldyzlary salýar. Şolar ýalyda ol:

– Eý, Alla! Näme üçin bu ýazyksyz bendeleriň deý ýer bagyrtlaşyp ýatan ýigitleriň jansyz jesetlerini beýle horlaýaň? Ýa biziň halkymyzyň maňlaýyna sen gyylmakdan başga zat ýazmadyňmy – diýip, gygyrýar, oturan ýerinden elini asmana serýär. – Ýunan geldi – gyrdy, arap geldi – gyrdy, mongol geldi – gyrdy,

indem ine nijembir ýyldyr ors gyryp ýör. Muň agam gelse gyrýa, gyzylam gelse gyrýa, hamala türkmen bir gezip ýören käkilik sürüsi ýaly. Ýa sen diňe mertlere jebir berýäňmi? Olara arka durmaýaňmy? Dini-yslama hemaýat bermeýäňmi? Dine uýýanlary dinsizleriň gyryp ýörenini görmeýäňmi? Bular ýeňilmedikler ahyry! Elli ýyl bäri duşmana gol bermän, indem erkinliklerini elden gidermezlik üçin ýurt aşyp barýan biçäreler ahyry!

Hernäçe nala çekse-de, Enehakydanyň perýadyny asman eşidenok. Otlukly sözleriň hemesi agyzdan çykyşy ýaly, telim ýyl bäri güne ýatan çakyrak süýk kimin «şakyrdaşyp» gaýdýarlar-da, her ýerden bir basyp barýan düýeleriň aýaklarynyň arasyna «pat-pat» edişip dökülýärler. Duşman tarapdan atylýan pulemýotlaryň dar deşikden syçraşyp çykýan oklary bolsa şol ýangynly sözleriň hemmesini, her bir harpyna çenli pytradyp, külüni asmana sowrup goýberýär.

Onuň münüp barýan düýesiniň owsaryny çekip barýan Ruhy batyr bir gezek Enehakydanyň ganlar eňräp çeken şol nalalaryny eşitdi-de, aýtjak sözlerini daş-töweregini gaplap alan apy-tupanyň arasy bilen aýalyna ýetirmek üçin ýüzüni dik-ýokary tutup, güňleç gygyrdy.

— Nalama, Enehakyda! Hudaýyň edenine kaýyl bolmazlyk gedemlikdir. Näme etmelidigini Onuň özi ýagşy bilýändir. Ýeňmegem, ýeňilmegem atyşykly çemçedir. Hakyda ser salsaň türkmeniň özüniňem almadyk ýurdy, ýykmadyk galasy ýok ahyry. Bagtyň çüwen güni eselip, nesibäň gaýra tesen güni peselmek bolmaz, belki, taryhyň bir ýerinde bizem bir ýalňyşlyga ýol berendiris. Belki, bu zatlaram Biribar bize sapak üçin synag üçin iberendir. Belki bizem bir zatlaryň jezasyny çekip ýörendiris. Bu zatlara dar çygyrdan däl-de, giňişleýin seretmek gerek.

Enehakyda kükregine urup «ah» çekdi.

— Wah, Ruhy! Näme günä edenem bolsa türkmen bilen haklaşarça Haka çen boldy-y! Duşmandan basylyp guma çykdyk. Ýurdy goýduk, mynda geldik, keseki ýurduň mysapyrçylygyns kaýyl bolduk, şondan başga nähili jeza gerek bu halka?

Düýäniň üstünden çykan agyr agynyň aýylganç, gyzgyn howry ýapyrylyp barýan Ruhy batyryň ýagyrnysyny çawlady. Şondan soň ol yzyna gaňrylmady. Sesinem çykarmady. «Goý aglasyn, az-kem köşeşensoň öz ýalňyşyna özi düşüner», diýdi.

Oňa çenli kowgam az-kem yza galdy. Söweşiji ýigitler göçüň daşyny goraglamak bilen ýörişi dowam etdirdiler.

Öýlänaralar göç ýene-de bir guýynyň üstünden bardy. onuň ýerleşen ýeri pes. Daş-töweregi şyr-takyr ak meýdan. Ortarasynda kiçiräk samolýot dur. Bir gyzyl esger guýudan nowa bilen suw çekip alýar-da, rezin ädigiň bir taýyny dolduryp onuň motoryna suw guýýar. Uçujy bolsa gerek, gözi ullakan äýnekli başga biri

samolýodyň üsti açyk kabinasynda otyr. Çalarak ösýän ýel meýdanyň üstündäki ýumşak hem ýuka topury usullyk bilen o ýan, bu ýan süpürýär. Sazaklaryň pürleri käte bir yraň atyp gidýär.

Meret tentegiň yşarat etmegi bilen, birnäçe atly ýigit gykuwlaşyp aşak indiler. Motora suw guýup duran esger ur-tut elindäki ädigi taşlady-da, samolýodyň perine ýapyşdy. Gözüni atlylardan aýyrman durşuna howlukmaçlyk bilen pyrlady. Motor «tar-tar» edip ugrandanam böküp ýoldaşynyň ýanyna mündi. Şondan soň samolýot duran ýerinde birküç öwrüm etdi-de, alatozan turzup aňyrlygyna tarap tasap ugrady. Ýigitler çapyp barýan atlarynyň jylawyny eýerleriniň gaşyna ildirip, tüpeňlerini ellerine aldylar. Üzeňňä galdylar. Ýöne, bäş-üç gezek «tark-turk» edýänçäler takyr bilen iki baka leňňer atyp barýan samolýot «parlap» asmana göterildi. Göçüň üstünden bir aýlaw edibem güw gitdi.

Şol guýynyň suwundan bosgunlar mallaryny suwa ýakdylar, emma özleri içip bilmediler. Ajy ekeni. Bu ýagdaý öňdenem aç-suwsuz, ýadaw halda, demsaýy ölüm bilen dalaş gurup gelýän adamlary hasam kyn güne saldy. Köpleriň ýüzünde umytsyzlyk alamatlary peýda boldy. O zatlaryň üstesine birnäçe günüň ukusyzlygam basmarlap başlady. Gije düşläp, ertesi daň bilen gozganan wagtlary oýanybilmän ýatyp galanlar köp boldy. Soňky düşlegler mahalam şol ýagdaý gaýtalandy durdy. Soň mälim bolşuna görä, olary gyzyl esgerler ýesir alyp, şol ýerdenem paý-pyýada göni Guşga iberýän ekenler.

1932-nji ýylyň 23-nji fewral güni, sagat on birlerde, Saharsdan altmyş bäş kilometr gündogarlykda ýerleşýän Garaburun guýusynyň degrelerinde, dumly-duşdan iberilen gyzyl goşun bölümleriniň hemmesi göçüň yzyndan ýetdi we barysy birleşip hüjüme geçdiler.

Uçursyz ýadaw, aç-suwsuz, şeýle hem ukusyzdyklaryna garamazdan, ýigitler olary bu gezegem gaýduwsyz garşyladylar. Hüjümlerini yza serpikdirdiler. Üstesine bassyr üç gezek dagy hatar-hatar bolup, pyýadalaýyn hüjümem etdiler.

Şonda olar:

— Biz size boýun bolmarys!

— Türkmen topragyndan çykyň!

— Göçi yzarlamagyňyzy bes ediň!

— Ýok bolsun sowet hökümeti – diýşip, gygyryşdylar.

Beýle garşylyga garaşmadyk gyzyl esgerler bu gezegem edil öňküleri ýaly başagaýlyga düşdüler. Käbirleri bolsa ýene-de gaçmaga synanyşdy. Komandirleriň biri olary saklajak bolup iki ýana ylgady, sögündi, «ataryn» diýip haýbat atdy, hatda mauzerini çykaryp birküç ýola ýokaryk atdam, ýöne, o zatlaryň birem netije bermedi. Iki sany gyzyl esger bilen bir bölüm komandiri barybir gaçmaga ýetişdi.

Şondan soň ol söweş meýdanyny taşlamaga hyýallanýan beýleki esgerleriň birini atdy. Bu usul oňyn neetije berdi. Hemmelere sapak boldy. Tertip-düzgün kadalaşdy. Hiç kim gaçmaga milt etmedi.

Oňa çenli gyzyl goşuna ýene-de bir atly otrýad gelip goşuldy. Güýç köpeldi. Gysyş artdy. Gozgalaňçylar göçi gorap baryşlaryna yza çekilmäge mejbur boldular. Tä garaňky düşýänçä ýörişi dowam etdirdiler. Bir amatlyrak ýere barybam düşlediler.

San taýdan indi öňkülerine görä has köpelen gyzyl goşun otrýadlary daň atdygy entek örmänkäler üstlerini basmak niýeti bilen bosgunlaryň düşelgelerini gabadylar.

Ýöne, bosgunlar muny wagtynda aňdylar we daň atmazdanam öň, olaryň özlerinden öňürti hüjüme geçmek bilen gabawy böwüsdiler.

Gyzyl goşun ýene-de bosgunlaryň yzyna düşdi. Ökjelerini sydyrdyp gelişlerine olara agyr-agyr zarbalar urdy.

Gozgalaňçylar göçi öňe goýberip, özleri wagtlaýynça hem bolsa, duşmanyň hüjümini yza serpikdirýärdiler, göçüň birneme arany açmagyna maý berýärdiler, gyzyl esgerleriň halkasy daşlaryna aýlanyberdigem: «Ýa Alla» diýşip, öňe tarap at goýýardylar we baryp, göçüň yzyna galkan bolýardylar, üznüksiz ok ýagdyrmak arkaly göçi goraýardylar.

Şeýdip baryşlaryna Eýran serhediniň şol ýerden bary-ýogy 60-70 kilometrden daş däldigini göz öňüne tutup, ekabyrlar Eýrana geçmek baradaky pikiri at üstünde maslahatlaşmaga mejbur boldular. Çekilen ýitgileriň yzasynydan ýaňa bütin süňňi bilen sandyrap oturan Meret tentek eýeriň üstünde çalarak gobsundy-da, gamçysyny ileri çommaltdy.

— Şeýtmesek boljak däl. Bu ýagdaýda biz Owgana aşyp bilmeris. Ara daş. Bulara bolsa yzly-yzyna kömek gelip dur. Halk gyrlyp gutaryp barýa. Mallaram şonuň ýaly.

— Arada Annaguly hanam şeýdipdir-ä. Bizem soň assa-ýuwaş şol ýerde geçibiris Owganystana - diýip, Agdar hanam ony goldady.

Öz tiresine ýolbaşçylyk edip gelýän, Gara Ýowşan atly mydama ýüzüni küsserdip, gepe-söze goşulman ýören elli ýaşlaryndaky etli-ganly akýagyz adam şol gezek iňňän ötgür gepledi. Jüneýit hanyň eýýäm häkimler bilen gepleşip goýandygyny, basymrak barmasalar özbaşdak welaýat bolmak baradaky meseleleriniň puç bolaýmagynyň ahmaldygyny dile getirdi. Onuň bu sözi köpleri özüne imrindirdi we ýagdaýyň juda gyssagdygy, duşmanyň bolsa ýetip gelýändigi sebäpli ol mesele şol durşuna çözülmän galdy.

Ýolundan az-kem ileri egreýen göç şondan soň ýene-de öňki ugruna tarap ümzük atdy.

Kowgy welin kem-kemden arany ýygyrýar, edýän hüjümlerini güýçlendirýär.

Soňabaka duşman ýeke bir ýeriň ýüzi bilen däl, asmandanam hüjüm edip başlady. Çünki, garaşylyşyndan has gazaply garşylyk görkezmek bilen serhede golaý baran bosgunlary daşary ýurda geçmänkäler bütinleý ýok etmek maksady bilen, Türkmenistan SSR-niň Döwlet syýasy uprawlwniýesi Daşkentden üç sany samolýot sorady. Samolýotlar 23-nji fewralda, ýagny, Garaburundaky bolan çaknyşyk güni Guşga gelip gondular we şol günüň ertesi, bosgunlar Akrabadyň 40 kilometrlik demirgazygyna baranlarynda gyzyl goşunyň birleşen otrýadlary bilen bilelikde hüjüme başladylar.

Birinji günki söweş sekiz sagatlap dowam etdi. Şol döwrüň içinde gyzyl esgerler bosgunlary gabawda sakladylar, samolýotlar bolsa asmandan gelip olary pulemýodyň okuna tutdular. Özlerem bir ýa iki gezek däl, soweşiň bütin dowamynda şeýtdiler. Giden ýalam edýärler-de, aýlanyp gelip ýene-de ok ýagdyryp başlaýarlar.

Bu ýagdaý bosgunlary öňküdenem beter kyn güne saldy. Halys aljyratdy.

Şonda Eýrana geçmeklige päsgel berendigi üçin Agdar han Gara Ýowşana gyňraldy. Gara Ýowşan sesini çykarmady. Oňa çenlem ekabyrlar ara düşdüler, bu wagt birek-birege igenmekligiň wagty däldigini aýdyp, Agdar hany köşeşdirdiler. Göçi bir bukyrak ýere eltip, onuň daşyny goramaklygy maslahat berdiler.

Hut şeýle hem edildi. Esgerleriň töwerekden edýän hüjümlerini serpikdirdiler. Ýöne, asmandan arlaşyp gelýän samolýotlara welin kär edip bilmediler.

Dogry, samolýotlar gözýetimde görnüp ugranlaryndan atly ýigitler orta çykýarlar-da, jylawlaryny eýeriň gaşyna ildirip, tüpeňlerini ellerine alýarlar, «par-par-par» edip gelýän demir ganatly ajal göçüň üstünden ölüm oklaryny sepeläp udrandanam çiň-arkan gaýyşýarlar-da, tüpeňleriniň ujuny asmana tarap, «Göçjaýdyşyp» başlybarat atmaga başlaýarlar. Ýöne, tüpeň bilen samolýoda zeper ýetirmek kyn. Şeýle-de bolsa şol gün ýigitleriň biri olaryň biriniň perinden urdy. Şondan soň ol samolýodyň uçubam, atybam weji bolmady. «Patyr-putur, tatyr-tatyr, park-purk» edip, iki baka ýaýkanjyrap allaowaralarda gözden ýitdi. Ýöne, ýykylmady.

Her gezek depelerinden ok ýagyp ugranda bosgunlaryň düşýän ýagdaýyny söz bilen beýan eder ýaly däl. Çöp-çöňürleriň arasy bilen ätmerleşip, gan eňreşip barýan gyz-gelinleriň çagalaryň, gojalardyr-kempirleriň al ganlaryny akdyryşyp, ak sägäniň üstünde kakynyşyp ýatyşlaryna, kimdendigini özlerem bilmezden haraý isläp dumly-duşa ellerini serişlerine, ok degip ýaralananlarynyň bolsa ganlaryny sarkdyryşyp ýatyşlaryna, samolýodyň hüjüminden goranmak üçin, birneme howpsuzrakdyr öýden ýerlerine tarap kä ýanyn, kä ýüzün süýşenekläp, käte bolsa arkan ýatyp, aýaklary bilen däbşenekläp gidişlerine, eýýäm jan teslim eden çagalarynyň üstünde kükreklerini gerişip oturan, kürteli ýaş gelinleriň aýalaryny

asmana serip: «Waý, ganym! Waý, zalym! Waý kapyr! Gidu-uw, gidu-uw! Balama degme-u-uw, degme-uw!» – diýip çirkin-çirkin gygyryşdylaryna gözi düşende üstünde maşala agzalary oturan düýesini çekip gelýän Ruhy batyryň ýüregi agzyndan, gözleri hanasyndan çykara gelýär. Ýöne, dişsiz galan kentlewügini gysyp ahmyr çekmekden başga edibilýan çäresi ýok. Öňküleri ýaly ýagynyň üstüne at debsiläp gylyç syrmaga bolsa rowgaty ýok. Şeýle-de bolsa, şondan artyk çydam etmäge karary ýetmedi. Nobatdaky hüjümleriň birinde ol düýäniň owsaryny Enehakydanyň eline berdi, özem ok degip jan beren ýigitleriň bir iniň tüpeňini garbap aldy-da kä samolýotlara, kä yzlaryndan süssenekleşip gelýän esgerlere tarap atyp başlady.

Gojalaryň başga-da birnäçesi onuň hereketine eýerdiler. Wepat bolan ýigitleriň ýaraglaryny ellerine alyp, olaryň orunlaryny eýerlerdiler.

Asmandan inýän ajal oklary bolsa ýeke bir adamlary däl, mal-garalary-da bir ujundan guma garyp gidip barýar.

Enehakydanyň agtyklary bilen münüp barýan düýesem itgisiz galandygyndanmy, nämemi, daş-töwerekdäki goh-galmagaldan, tüpeň seslerinden ýaňa ilk-ä nirä gitjegini bilmän başyny o ýan, bu ýan silkäp, duran ýerinde telim öwrüm etdi, soňam sakga saklandy-da, göçüň barýan ugruna tarap hökúdikläp ugrady. Onuň duýdansyz alan badynyň leňňerine indi howudyň gapdalyndan alnyp «ýürekde ýerleşdirilen Oglanhakyda göwresini dikeltdi-de, gözlerini mölerdip ilk-ä Arzuwuň, soňam enesiniň ýüzüne seretdi. Olaryň ikisem ýerli-ýerden: ─ «Gorkma, Alla bardyr, içiňden doga okaber, özüňem howutdan berk ýapyş» diýdiler. Özüniňem ejizländigini jigisine bildirmezlik üçin, Arzuw ýüzüni bir tarapa sowdy, Enehakyda-da, gaça-teze atyşyp gelýänleriň içinden ogly Umydy, ýanýoldaşy Ruhy batyry gözledi. Emma garma-gürmeligiň içinde olaryň hiç birinem saýgaryp bilmedi. Oňa çenlem yzlaryndan «söltüldäp» gelýän üsti «ýürekli» başga bir düýä ok degdi-de bir gapdala «gürpüldäp» ýykyldy. Şol ýatyşyna-da: armanly galdym-ow, diýýän ýaly boýnuny galdyryp göçüň yzyndan seretdi. «Bar-bar» bagyrdy. Onuň üstündäki «ýürekden» paýraşyp dökülen dört sany oglanjygyň ikisi çöp-çöňürleriň üstüne ýüzün ýykyldylar. Ýerlerinden galanlaryndan soňam kiçijik ýumruklary bilen gana boýalan ýüz-gözlerini owkalaşyp oturdylar. Beýleki ikisi welin ýere düşüşleri ýaly «hasanaklaşyp» turdular-da, näme üçindir hersi bir tarapa tutdurdylar. Oňa çenli beýlekilerem aýak üstüne galdylarda, çep tarapa gaçyp barýan oglanjygyň yzyna düşdüler.

Bu zatlary synlap oturan Oglanhakyda olaryň üç bolup gidenleriniň-ä basym gözden ýitirdi, dördünjileri welin uzak gidip bilmedi. Ýagyrysyndan giren ok ony ýüzünligine tüwdürip goýberdi. Şyrdaklyja kiçijik kellejigi baryp küpürsäp ýatan boz topragy, süsdürildi. Hossarymy ýa dälmi, başga bir düýeden syrylyp düşen

aýal barşy ýaly çaganyň biline guşak hökmünde oralan iki garyş çemesi uzynlykdaky çöpür ýüpden mäkäm tutaga-da ony gumdan sogrup aldy. Gujaklap ýerden göterdi. Duran ýerinde «patanaklap» duran düýesini çökerip çagany «ýüregiň» içine saldy. Ol ýerde oturan oral aýal bilen bir ýaş gyz ojagazy gujaklap hünübirýän aglaşmaga başladylar. «Hany beýlekiler» diýýän ýaly boýunlaryny süýndirişip çagadan bir zatlar soraşdyrýardylar. Oglanhakyda ol ýagdaýa şondan artyk çydap bilmän ýüzüni bir gapdala sowdy. Şonda onuň gözi göçüň ileri ganatyny syryp barýan mal-garalaryň gözgyny keşplerine düşdi.

Olar garym-gatym. Sygyrmy, öküzmi, goýunmy ýa geçimi saýgarar ýaly däl. Üstlerinden samolýot geçýärem welin, käte öňündäkilerden, käte yzdan gelýänlerden, käte orruk ortalaryndan bäş-on sanysy edil palaç ýatyrylan ýaly bir gapdala agyp gaýdýar-da janhowulçlaryna aýaklaryny kakyşyp, urnup başlaýarlar. Şeýle bolanda abat galan mallar kürtdürişip durýarlar-da, yzdan gelýänleriň öňlerine böwet bolýarlar, netijede aýylganç güpes-tapaslyk, basa-baslyk emele gelýär. Iň soňky deminde gygyryşýan mallaryň gorkunç sesleri töwerek-daşda bolup geçýän hadysanyň howsalasyny hasam artdyrýar. Diri mallar öli mallaryň kä üstlerinden böküp, kä daşlaryndan aýlanyp geçýärler we ýene-de ýollaryny dowam etdirýärler. Gözlerini agdar-düňder edişip, kakynyşyp ýatan ýaraly goýunlar, sygyrlar şonda olaryň yzlaryndan ahmyrly garaýarlar. Turjak bolup dyzaýarlar. Ahyram boýunlaryny ýere goýýarlar-da, «hyrk-hyrk» edişip jan berýärler.

Şolar ýalyda abat galan mallaryň käbiriniň sürülýän ugra däl-de, düýbünden başga tarapa tazykýan wagtlaram bolýar. Şonda sürekçiler kyn güne galýarlar. Gökden inýän güllelerem, yzlaryndan gelýän kowgynam unudyp bar küý-köçelerini mallary toplamaklyga berýärler. Çünki, ol olaryň rysgaly, çöregi, puly. Şolary sag-salamat eltmeli ýerine eltibilseler, mal eýeleri olara şertleşişleri ýaly berjek diýen haklaryny bererler. Eltibilmeseler welin...

Oglanhakydanyň gözi birdenem çöp-çalamlaryň arasynda agdarylan pyşbaga ýaly däbşenekläp arkan ýatan garry mama düşdi. Daşyndan seredeniňde ol ýarala-ha meňzäok. Özem Oglanhakydamy, Arzuwamy, Enehakydamy ýa olaryň üçüsinedemi elini serýär-de, bir zatlar diýýär. Ýöne, Ogalnhakyda ony eşidenok. Düýe bolsa öz ugruna diýen ýaly gidip barýar. Enehakyda owsary silkin, çeksin ýa o ýan – bu ýan bursun, piňine-de däl. Garaz, saklanara, düşere, geň suratda ýatan ol garryja mama kömek edere mümkinçilik ýok. Muňa mamanyň özem düşündi öýdýän, kömege çagyrmasyny goýdy-da, o ýerini, bu ýerini sermeläp başlady. Birdenem bagy boýnundan keseleýin asylan ýarysy ýanan hekelini «hyk-çok» edip açdy-da, içinden ok geçip ikä bölünen kiçiräk kitap çykardy. Oňa siňe-siňe seretdi. Soňam ony indi mazaly golaýyna gelen Ogalnhakyda daga tarap uzatdy.

— Wah, ýezitler, kelamyllany zer-zaýa edäýen ekenler-ä – diýibem gözüni süzdi. Kitaply eli şalkyldap aşak gaýtdy. Onuň ýatan ýeriniň gandan ýaňa jork bolandygyny Oglanhakyda diňe şondan soň görüp galdy.

Enehakyda:

— Waý! – diýip, ýüzüni tutdy. – Hiý, beýle-de bir naýynsaplyk bolarmy!..

Hä diýmänem olaryň «loňkuldap» barýan düýeleri mamadan ep-esli arany açdy.

Bolup geçýän pajygaly wakalary aklyna sygdyrybilmedimi, nämemi, başyny tutup ümdüzine ylgap barýan bir gelin ur-tut aşak oturdy-da, hasyr-husur aýagyndaky çukur, gyrmyzy köwüşlerini çykardy, ýerinden turup olaryň ikisinem üstüne howala bolan samolýoda tarap «wazyrdadyp» zyňdy, soňam ak ökjesi bilen ak çägäniň ýüzünde oýmur-oýmur yz galdyryp, hiç kimiň «gaýt-gaýdyna-da» gulak asman göçden ep-esli saýlandy we düýbünden ters tarapa tutdurdy. Bir aýlaw berip ýaňadandan gelen hälki samolýot köwüş bilen «atyndygy» üçin ar aljak bolýan ýaly bu gezek göçüň üstünden ok sepelejegem bolmady-da, ganatlaryny gyşardyp, göni şol gelniň gaçyp barýan ugruna tarap gönükdi. Ýeri gyratlap bardy-da, üstünden o ýan, bu ýan öwrüm etdi. Pulemýodyň agzyndan çykýan tapgyr-tapgyr oklar bolsa seçelenip baryp, gelniň daş-töweregini tikeç urlan petir ýaly bezedi. Gelin käte kürtdürip durdyr-da, ýene-de samolýody «atar» ýaly zat gözledi. Hiç zat tapmansoň ýerden gyzym-gysym çäge alyp şoňa tarap sowurýar. Oňa kär edibilmeýändigine gözi ýetenden soňam eteginiň ujuny dişleýärdi-de, ýene-de gözýetimi nazarlap gaçyp başlady. Soňabaka ol kürtesinem taşlady, gyňajyny gös-göni edip barşyna samolýotdan sowuljagam, bukuljagam, goranjagam bolmady. Birdenem, ok degdimi ýa bir zada büdredimi, Oglanhakyda ony takyk bilenok, gelin birdenkä birküç ýola üçürdikleýän ýaly uzyn-uzyn bökdü-de, ýüzünligine ýazylyý gitdi. Agzy bilen gum garbady. Badyna üç-dört ýola dagy togalandy. Sähelçe salym hiç hili hereketsiz ýatdy. Soň nägeräk eýle ýerinden galdy-da, ýene-de, ýöne öňküsine görä mejalsyz halda, maýtyklap, gaçmagyny dowam etdirdi. Emma uzak gidip bilmedi, gandan ýaňa bir ýany öl-myžžyk bolan ýanbaşyna ýelmeşen gyrmyzy köýneginiň abat tarapyny ýele ykjadyp barşyna kä ýüzün, kä arkan, käte bolsa gülle giren bykynyny tutup ýanyn ýykyldy. Emedekläp galyp ýene-de gaçmaga synanyşdy. «Git indi, gelme, men halys boldum», diýýän manyda akja golunyň öz ganyna boýalan penjelerini samolýoda tarap ýaýdy. Derlän maňlaýyna ýelmeşen tar-tar zülpleri, hanasyndan çykara gelen ullakan ala gözleri, titräp duran dodaklary, ýanbaşyny tutup ýantaklap barşy onuň gözgyny keşbini hasam perişan görkezdi.

Ahyram ol ysgyndan gaçdy. Saklandy. Dik duran ýerinde yraň atdy-atdy-da, arkanlygyna tarap agdarylyp gaýtdy.

Uçarmanyň: bol, tur, gaç, ylga, näme ýatyrsyň, diýýän manyda oňa tarap elini salgaýanyna bir zatlar diýip gygyrýanyna, agzyny hatap ýaly açyp «haha-haýlap» gülýänine çenli Oglanhakyda görüp otyr.

Gelniň ýerinden galmajakdygyna gözi ýeten uçarman bir gezek öwrüm edip geldi-de, ýene-de göçüň üstüne howala boldy. Ok ýagdyrdy. Esgerler bilen söweşip gelýän ýigitleriň käbirleri bu gezegem oňa tarap yzly-yzyna tüpeň atdylar, ýöne hiç hili zyýan ýetirip bilmediler.

Ganatly ajallaryň üznüksiz hüjümleri esgerler yzarlamalaryny bes edenlerinden soňam dowam etdi. Olar diňe gün ýaşyp garaňky gatlyşandan soň bosgunlaryň başlaryndan sowuldylar.

Samolýotlaryň peýda bolan ilkinji pursalaryndan başlap, üýtgeşik bir geň wakanyň ýüze çykandygyny aýtmak gerek, ýagny, «zakyja garga» diýilýän meýdan guşy şonda bosgunlara iňňän uly kömek etdi. Her gezek samolýodyň öz-ä däl, entek sesem gelmänkä şol guşlar pasyrdaşyp asmaga galýarlar-da, ganatlaryny kakyşyp, howsalaly gygyryşmaga başlaýarlar. Şol aralykda bosgunlara düýelerini çökermäge, özlerine-de amatlyrak ýerde gizlenmäne, söweşe taýýarlyk görmäge az-kem mümkinçilik bolýar.

Dürli nokatlardan iberilen otrýadlaryň barysynyň birigip hem gury ýerden, hem howadan hüjüm edýändiklerine garamazdan, şol günüň ertesem gyzyllara bosgunlary derbi-dagyn etmeg-ä däl, hatda olary ýollaryndan sowmak ýa eglemegem başartmady. Ýigitler ol gün söweş üçin, düýnkilerindenem has amatly usuly saýlap aldylar. Göçi öňe goýberdiler-de, özleri kowgyny sakladylar. Eline ýarag alan Ruhy batyr kimin gojalar bolsa ätiýaç üçin göçüň yzyny goraglap gitdiler.

Samolýotlar bir bada söweş edip ýören ýigitleriň üstünemi, ýa göçüň özünemi, haýsyna hüjüm etjeklerini bilmän, «war-war» edişip telim wagtlap howada boş aýlandylar-aýlandylar-da, ahyram göçüň yzyndan gitdiler.

Agyr ýitgiler, uly kynçylyklar bilenem bolsa ol günem ýigitlere gyzyl goşuny saklamak başartdy. Göç diňe samolýotlar zerarly ýitgi çekdi.

Söweş bu günem edil düýnki ýaly howanyň garalmagy bilen tamam boldy. Ýigitler wepat bolan ýaranlaryny howul-hararak hem bolsa ýere duwladylar we göçüň yzyndan gitdiler. Gijäniň bir wagtlary düşlejeklerinem ýa ýörişi dowam etdirjeklerinem bilmän, serimsal bolup, duran göçüň üstünden bardylar. Gara Ýowşan düşlemekligi, adamlara-da, mallara-da dem-dynç bermekligi teklip etdi. Emma, onuň bu teklibi hatda öz tiredeşleri tarapyndanam goldanylmady. Köpler her niçik hem bolsa öňe süýşmek, bir ädimem bolsa serhede golaýlamak baradaky pikiri goldady.

Ok-ýaraglarynyň azalandygy, adamlaryň bolsa uçursyz ýadandyklary, üstesine-de aç-hor suwsuzdyklary sebäpli, Meret tentek bilen Agdar han ikisi at üstünde barýarkalar gara Ýowşandan beýleki ekabyrlaryň ählisini daşlaryna üýşürdiler-de kömek sorap Owganystana Jüneýit hanyň ýanyna adam ibermek barada gürrüň gozgadylar. Muny hemmeler goldady. Şol maksat bilenem, iň gowy, demgir atlara atarylan alty adam kemsiz ýaraglandyrylyp ýola ugradyldy.

Ýöne, olaryň üçüsi entek serhede ýetmänkäler ýoly aňtap ýören bäşdir-üçdir esgeler tarapyndan tutuldylar. Beýleki üçüsi welin gutuldy.

Bu meselede özüne sala-salynmandygy üçin Gara Ýowşan ekabyrlardan kinedar boldy. Ýüzüni küssertdi. Ekabyrlaryň hiç biri bilenem gepleşmezlige çalyşdy. Sähel zada-da hüňňürdedi ýördi. Beýlekileriňem onuň gepleşesleri gelip, gözleri-gaşlary çekip durmady.

25-nji fewral güni, gyzyl goşuna kömek üçin Marydan ýene-de iki, şol bir wagtyň özünde Guşgudanam iki samolýot iberildi.

Bosgunlaryň ýagdaýy hasam agyrlaşdy. Adamlaryň bedenlerindäki ýadawlyk, ukusyzlygam ol zatlaryň üstesine. Diňe jigirdek ýa gowurdak bilen owkat edip gelýändikleri sebäpli suwsuzlygam ýetjek derejesine ýetdi. Mahlasy uly-kiçi, aýal-erkek hemmesi surnukdy. Olaryň şondan soňraky hereketleri adamzadyň tebigy mümkinçiliklerinden daşarda bolup geçdi. Köpleriň kalbyny edil gala urşy döwründäki ýaly: «Menem bir ölüp dynsamdym», diýen duýgy gaplap aldy. Muny hemmeden öň Enehakyda, Ruhy batyr ýaly köp gowgalary gören adamlar aňdylar. Bosgunlaryň göwnüne giňlik salmagyny Alladan dileg etdiler. Ýaş çagalaryň: «Suw-w-w, suw...» diýip yzalşýan sesleri bolsa syzalaryň «yzzyldysyna» goşulyp olaryň ýaraly ýüreklerini öňküdenem beter para-para etdi. Gidip barýarkalar uklap göçden galýanlaryň, hatda samolýodyň hüjümi wagtynda hem oýanybilmän heläk bolýanlaryň sany barha artdy. Samolýotlaryň köpelmegi bilen wepat bolýanlaryň sany hasam köpeldi. Söweşiji ýigitler göz-görtele azaldy. Şonuň üçinem, entek eli tüpeň tutup görmedik gyz-gelinlere-de gyssagra atmany, nyşana urmany öwredip başladylar. Soňabaka gala urşundaky ýaly wepat bolanlaryň eşikleri bilen köpçülikleýin howul-hara jaýlananlary-da az bolmady. Şeýtle-de bolsa şol döwrüň bütin dowamynda jynazasyz jaýlanan ýok. Özem merhumyňlaryň hersine aýratynlykda jynaza okaldy. Jynaza wagty jynaza durýan işan-mollalaryň, ahunlaryň daşyny atly-ýaragly ýigitler gurşap alýardylar we olary hem hüjümden, hem ok däriden goraýardylar.

Käte söweşe böwşeňlik aralaşýar. Ýangyçlary gutarýan bolsa gerek, samolýotlar edil gelişleri ýaly birdenkä gürüm-jürüm bolýarlar. Şol pursat gyzyl goşunyň, otrýadlaram bosgunlaryň üstüne hüjüm etmeklerini bes edýärler. Bes

etmeýänlerinde-de, samolýot gelmese olar esgerlere per berenoklar. Muny soldatlaryň özlerem aňyarlar we özbaşdak gaty bir sürünibermeýärler.

Şolar ýalyda ýagdaýdan peýdalanmak üçin gozgalaňçylar göç bilen birlikde öňe tarap haýdap başlaýarlar. Edil şol wagtam düýeleriň üstünde oturan ýaşu-garry naçarlaryň barysy birden ellerini öwşüşip, saçlaryny ýaýyşyp, ýüz ýyrtyşyp, dady-perýada başlaýarlar. Ol yzlaşyga ýerden ýöräp barýan, elleri sowuk ýaragly gyzlaram goşulýarlar. Kim ýap-ýaňyja ýere duwlanan agasyny, kim inisini ýa uýasyny, ýene birleri atasydyr-kaksyny, ejesidir-enesini, mamasyny, eziz balasyny, umuman her kim öz ölüsini ýatlap nala çekýär. Aglara ölüsi bolman ugruna eňräp barýanam bar. Ýerden göterilýän perýadyň bir ujy baryp asmandaky bulutlara direýär. Şolar ýalyda, hususan-da, garaňky düşenden soň ekabyrlar olaryň ýanlaryna baryp:

– Goýuň uýalar! Goýuň jigiler! Eneler! Mamalar! Goýuň! Gaýrat ediň-de goýuň! Aglamaň! Beýtseiz duşmana kömek etdigiňiz, göçüň barýan ugruny salgy berdigiňiz bolar – diýip, ugralaly bäri aýdyp gelýän şol bir sözlerini ýene-de bir gezek gaýtalaýardylar. Ýalbar-ýakar edýärdiler, ýagdaýy düşündirýärdiler.

Şondan soň daş-töweregi elhenç ümsümlik gurşap alýar. Esli wagtlap mallaryň aýak seslerinden, çöp-çalamlaryň «şygyrdysyndan» gury hem ýogyn gara çöňürleriň «şatyrdysyndan» başga ses eşidilenok. Daşyndan seretseň, içi garam-guramdan, gymyldy-hereketden doly, edil ertekilerdäki aždarha ýaly äpet uzyn gara kölege günorta tarap süýşüp barýar.

## 23. «Ýeroýlanduz»

Ertesi daňa golaý halys surnugan bosgunlar aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän, «Ýeroýladuz» çöketliginiň bir gyrasyndan indiler. Şonda Oglanhakydanyň gulagyna: «Ind-ä owgan daş däl bolmaly, şu gün ýöresek gije barmaly ýerimize baraýsak gerek» diýen sözler eşidildi. Birdenem daş-töweregi goýy, çal duman gaplap aldy. Muňa bosgunlar begendiler. Çünki, bu ýagdaý iki tarapyňam söweşe meýil bildirmejekdigini aňladýardy. Ýöne, ýöräre-de ýagdaý ýok. Ýol-ýoda saýgarar ýaly däl. Şonuň üçinem bialaç düşlemeli boldular. Näçe günüň ýadawlygy, aç-suwsuzlygy, adamlar düýelerini çökerişdileri ýaly howutlara ýaplandylar-da, dünýäni unudyp uka gitdiler.

Duman welin wagty bilen sowulmady. Şonda ekabyrlar: «Her niçik hem bolsa ýoly dowam etdirmek gerek, serhetden aşmak üçin şundan amatly pursat bolmaz, samolýolar-a uçubilenoklar, soldatlaram hiç zat görenoklar» diýşip özara maslahat etdiler.Göçi dürs ýol bilen alyp gidibiljek adam gözlediler. Muňa Gara Ýowşandan başga hiç kim döwtalap bolmady. Çünki ol asylam Eýran, Owgan ýoluna belet

hasap edilýärdi. Söwda-satyk bilen öňem bu ýollary kän söküpdi. Şonuň ýçinem, ekabyrlar hernäçe ikirjiňleseler-de onuň teklibini kabul etmeli, göçüň ykbalyny şoňa ynanmaly boldular.

Göç ýerinden gozgandy. Oňa çenli garaňkam düşdi. Bu ýol ýagdaýyny öňküdenem beter kynlaşdyrdy. Şeýle-de bolsa ýöremelidi. Indi ekabyrlaram, bosgunlaram, hatda mal-garalaram gapdallarynda biri-birleriniň bardyklaryny diňe duýgulary arkaly aňýardylar. Gapdalyňdan biri barýandyr öýtdýgiň eliňi uzadyp barlaýmasaň görjek gümanyň ýok. Göwnüňe hiç kim ýöremän, duran ýerinde «dähedem - dessemläp», duran ýa-da gözüni ýumup barýan ýaly.

Şu ýagdaýda uzynly gije ýörediler. Daň saz beriberende duman az-kem sabady. Adamlar ýeňillik bilen dem aldylar. Her kim dagyň aňyrsy owgan serhedi bolup gidýän gädigini görmek üçin tiňkesini öňe dikdi. Çünki, «Ýeroýlanduza» inileli bäri her kimiň gürrüňi şol gädik hakdady. «Şondan geçibilsek bize zowal ýok» diýýärdiler. Gädigiň agzyna gelendiklerini enesine, uýasyna ilden öňürti bulamak üçin ýüregiň içinde irkiljiräp oturan Oglanhakyda hem il deňinde boýnuny süýndirip şol tarapa seretdi. Emma görübilmedi. Gaýtam gulagyna erkek adamlaryň gaharly, sögünçli sesleri eşidildi.

Görlýp oturylsa göç şo-ol, agşamky ugran ýerinde dur. Muny adamlar düýnki düşleg wagty galdyran-gaçyran zatlaryndan, daş-töwerekdüki seňňerlerden, ulgamlardan aňdylar. Esasy alamatam «Ýeroýlanduza» inilen ýer. Diýmek, uzynly gije bir duran ýerlerinde aýlanyp durupdyrlar.

Bu ýagdaýy köp adamlar öz maňlaýlaryndan, nesibe takdyrlaryndan gördüler. Aýallar bolsa: «Owalebetde maňlaýymyza ýazylany şudur, indi bize bu nägehandan gutulma ýokdur», diýşip aglaşdylar.

Baýram bukawly diýilýän, Meret tentek dagy bilen ugranlary bäri göçe ekabyrlyk edip gelýän adam ýüzüni aktam edip durşuna:

— Jojuklydaky ýaly munda-da dönügiň eli bardyr – diýdi.

Ol sözüni soňlara mähetdel Meret tentek:

— Asyl şo-da, şüýem bir adamyň işidir – diýip, gaharly seslendi. Birdenem üzeňňä galdy-da daş-töweregine seretdi. – Hany Gara Ýowşan? Ahow adamlar, gara Ýowşany gören barmy? Nirede şol? Kerweniň başyny çeken şol ahyry!...

Edil şol wagtam bir ýigit atyny debsilüp geldi-de , agzyny ak köpük edip:

— Gara Ýowşan ýok. Ol gije gaçypdyr – diýdi.

— Wah, edeniň bar bol-a, – diýip, Meret tentek sag elindäki gamçysynyň sapyny çep aýasyna «şapyldadyp» urdy. – Asyl goýny gurda tabşyraýan ekenig-ä...

Bolan işe özi günäkär ýaly, Baýram bukawly ýüzüni bir gapdala sowdy.

— Nätjek-dä, başga çykalga-da bolmady-da... Şol ýagdaýda ýoly diňe şol tapyp biljekdi-dä...

Köpçüligiň depesinde gowur tolkun atdy. Her kim bir zat diýdi. Köpler gara Ýowşana nälet okady. Onuň daşkyrak garyndaşlary, guda ugurlary bolsa näme diýjeklerini bilmän dymdylar. Ýüzlerini aşak salyşyp gurak-gurak ýuwdundyyşdylar. Onuň öz maşgalasy bolsa bu göçüň içinde ýokdy. Bir sebäp bilen ol ony boljagy-bolmajagam näbelli indiki göçe galdyrypdy. Ýöne, onuň sebäbi ine, şu ýerde hemmeler üçin düşnükli boldy.

Dumanyň düýpgöter dagamagy bilen, «Ýa, Alla...» diýip, göç ýola düşdi. Günortana çenli ýöränlerinden soň Owganystana geçilýän gädik göründi. Şol bir wagtyň özünde kowgy gelýän goşunyňam öňi göründi.

Meret tentek üzeňňä galdy-da, sag golundaky gamçysyny dik ýokary çommaltdy.

— Adamlar! – Soňam öňe uzatdy – Gädige tarap! Çaltrak!

Ertirden bäri gyrmyldap gelýän göçüň hereketi artdy. Ýöne duşmanam ahmal däl ekeni. Öňde-de olaryň bosgunlara garaşyp duran birnäçe toparlary bar ekeni. Olar göçi güýçli ot açmak bilen garşyladylar. Yza serpikdirjek boldular. Emma Meret tentek tiz wagtyň içinde ähli urşujylary şol tarapa sürmek bilen duşmany ýoldan sowulmaga mejbur etdi. Ýaňy bir ýola düşüp ugranlaryndanma yzdan gelýän kowgy ot açyp başlady. Meret tentek indi urşujylary şol tarapa geçirip, göçi öňe sürdi. Ony goramaklygy gyz-gelinlere Ruhy batyr ýaly gojalara tabşyrdy.

— Gaýrat ediň, indi gädige golaýladyk, sähelçe saklanybilsek howpdan gutulýas – diýip, olara göwünlik berdi.

Ýöne, yzdan kömegiň gelenini aňyp, goşunyň öňdäki topary hem öwrülip, täzeden gapdallaýyn hüjüme geçdi, iki tarapdan gysylan göç ugruny üýtgetmeli boldy. Ýene-de birnäçe otrýadyň gyzyl esgerlere kömege gelmegi bilen bosgunlar bütinleň gabawa düşdüler. Urşujylara göçüň daşyny gallap, duşmana garşy ok atybermekden, gabawy böwüsmek üçin gözleri ýok ýaly öňe dyzabermekden başga alaç galmady.

Aýal-gyzlaryň düýäniň üstünde oturanlaram, haýdaşyp pyýada barýanlaram, atyşyp ýörenlerem ýerli-ýerden:

— Ýa, Alla! Ýa, Hudaý! Ýa, Biribar! Özüň kömek et! Duran ýerimizde janymyzy al welin, jany başgaň eline berme! Gül ýüzli ýigitlerimiziň ýüzüni ýere salma! Atalarymyzy namysa goýma! – diýýän janagyryly sözleri duşman tarapdan atylýan pulemýotlaryň «tatyrdysyna» ok degip ölýänleriň iňňildisine, ýaralanýanlaryň «hyrkyldysyna», mal-garalaryň ýürek gyýdyryjy seslerine garyşyp, eýýämhaçan içi däri gatyşykly tüsseden dolan oýuň ap-ak, kebir baglap duran şor topragynyň kesmeklerine siňip gidýär.

Iki agtygy bilen düýäniň üstünde oturan Enehakydanyň gözi urşujylaryň arasynda duşmana tarap ok atyp, göç bilen bilelikde ädimme-ädim öňe süýşüp barýan Umyda düşdi. Edil ejesiniň nazary düşerine garaşyp duran ýaly, Umyt şol pursadyň özünde ellerini serdi-de, çiň-arkan gaýtdy. Şalkyldap ýere ýykyldy. Enehakyda:

— Waý, balam!.. – diýip, jynsyz gygyrdy-da, düýäniň owsaryny dartdy. Saklady. Çökerdi. Ysgynsyz göwresini howutdan aşak goýberdi. Ýere düşdi. Emedekläp diýen ýaly oglunyň ýanyna bardy. Arzuw bilen Oglanhakyda hem eneleriniň yz ýany bilen hasanaklaşyp geldiler. Enehakyda özüni oglunyň üstüne zyňdy.

Agtyklaram onuň hereketini gaýtaladylar.

— Kaka-a!..

— Kaka jan!..

— Oglum! Oguljygym... Balam...

Nädip gördi, nädip gabat geldi, belli däl, oňa çenli Ruhy batyram gelip oglunyň üstüne howala boldy. Oturyp ýüzüni-gözüni sypalady... Hamsygyp oturşyna bir zatlar diýen ýaly etdi, ýöne, ony hatda gapdalynda oturan aýalam eşitmedi.

Umytdan welin ses-üýn ýok. Gözünem açanok. Oglunyň göwresiniň sowap barýandygyny duýan Enehakyda äriniň ýüzüne delmuryp bakdy.

— Umydymyzdan aýryldyk, Ruhy...

— Mert bol, Enehakyda... – Ruhy batyr ogluny bir bukyrak ýere çekmäge hyýallandy. Emma güýji ýetmedi. Aýaly bilen bilelikde süýşürmäge synanyşdy, onda-da bolmady. Diňe gan eňreşip ýanlaryna gelen Arzuw bilen Oglanhakydanyň kömegi arkaly olara Umydy amatlyrak bir ýerre çekmek başartdy. Ruhy batyr öz donuny çykaryp oglunyň üstüne ýapdy. – Bar, Enehakyda, Arzuw bilen Ogalanhakydanam al-da, düýäňe mün. Her zat et welin şu ikisini alyp çyk. Bular bir-ä ölmeli däldirler, birem duşmanyň eline düşmeli däldirler. Ölseler – hakyda ýiter, ele düşseler bolsa hakyda ýoýular... Hüjümi serpikdirenimizden soň Umydy men gelip öz elim bilen jaýlaryn.

— Hüjümi serpikdirip bilmek näme?

— Onda başga biri jaýlar, meýit ýerde ýatmaz. Onsoňam bu wagt meýdanda ýatan jeset az däl.

Şeý diýgeç eline tüpeňini aldy-da, Ruhy batyr aýalyndan jogaba-da garaşman öňki gelen ýerine, söweşijileriň arasyna siňip gitdi.

Enehakyda kakalarynyň üstüne kökenek bolup, ýüz-gözlerini ajy gozýaşa ýuwup duran agtyklaryny zor bilen diýen ýaly henizem çöküp oturan düýäniň gapdalyna getirdi. Onuň ýüzugra turup, «patanaklap» gidibermändigine şükür etdi. Agtyklaryny mündürensoň:

— Çüw, janawer – diýip, daş-töwerekden çykýan zenzeläniň zarbyna onsuzam gobsunyp ugran düýäniň owsaryny silkdi. Düýe ilk-ä bir aýylganç «bagyrdy», soňam leňňerläp ýerinden galdy. Tumşugyny dik-ýokaryk tutup birki ýola öňküsindenem has elhenç «bagyrdy-da», göçüň barýan ugruna tarap ýelkildäp ugrady.

Iki tarapynam deňläp, ölüm diýlen zady bütinleý ýatlaryndan çykaran bosgunlaryň urýan zarbalary, görkezýän gaýtawullary gyzyllaryň çak edişlerinden kän çökder bolup çykdy. Gün öýleden agyberende gozgalaňçylar göç bilen bilelikde gabawdan çykdylar.

Duşman wagtlaýynça yza döndi. Merhumlaryny ýere duwlanlaryndan soň gozgalaňçylar ýene-de gädige tarap ýöneldiler. Şonda olaryň hatary öňkülerine görä has selçeň göründi. Enehakyda düýäniň üstünde oturan ýerinde yzyna, ýap-ýaňyja söweş bolan ýere seredende «Ýeroýlanduz» çöketliginiň gyrawlap duran çal toprakly şor meýdany sansyz mazarlardan ýaňa alabeder göründi. Enehakyda olaram ýere gaçan ýyldyzlara meňzetdi. Ýöne, ap-ak şor-kebir üzre ýatan ýyldyzlar bu gezek onuň gözüne ak däl-de gara reňkde göründi.

Gädik has golaýlady.

Gozgalaňçylaryň barysy birden ýeňillik bilen dem aldylar.

Birdenem zakyja gargalar ala-goh bolşup asmana göterildiler-de, o ýan, bu ýan pelesaň urmaga başladylar. Hä diýmänem göçüň yz tarapyndan serhedi nazarlap gelýän dört sany samolýot göründi.

Sähelçe hereket etsek gädige ýeteis, diýen umyt bilen göçegçiler bu gezek saklanjak ýa mal-garalaryny bir ýere bukjagam bolmadylar-da: «Ýa, Alla!: diýşip gadamlaryna bat beriberdiler.

Meret tentek, Agdar han, Baýram bukawly ýaly başdanaýakgöçe ýolbaşçylyk edip we edermenlik görkezip gelen batyrlar bu gezegem ýerli-ýerden üzeňňä galdylar-da, gollaryny bulaşyp aýallary, çagalary gorkmazlyga, aljyramazlyga, her niçik hem bolsa ýoly dowam etdirmeklige, söweşip ýören ýigitleri, gyz-gelinleri merdana bolmaklyga, iň soňky katra ganlaryna çenli göçi goramaklyga çagyrdylar. Özlerem ur-tut atlarynyň jylawlaryny eýerleriniň gaşyna ildirdiler we arkalaryndaky tüpeňlerini kakyp alyp, eýýämhaçan göçüň üstüne howala bolan samolýotlardan çenäp atmaga başladylar. Ol ýerden pulemýotlaryň «tatyrdaşyp» ugraryna garaşdylar.

Emma, «gyrgyrlaryň» ýüki bu gezek başga zat ekeni. Olar gelişleri ýaly birgiden bigünä çagalaryň, aýal-gyzlaryň, çal saçly gojalaryň, eneleriň üstünden ýetişibildiklerinden bomba zyňyp başladylar. Her samolýodyň üstünde iki adamyň agyr-agyr bombalary elleri bilen aşak taşlap oturandyklaryny ýüregiň içinde ýygrylyp oturan Oganhakyda öz gözi bilen gördi.

Geçip gidensoňlar olar aňyrrak baryp öwrüm edýärdiler-de, dolanyp gelip ýene-de göçüň depesinden bomba inderip başlaýardylar.

Yzly-yzyna gaýtalanyp duran bu ýagdaý, onsuzam öler ýaly ýadaw, aç-suwsuz hem ukusyz gelýän bosgunlary öňküdenem beter kyn ýagdaýa saldy. Göç pytrady. Her kim bir tarapa gaçdy. Mallar duw-dagyn boldy. Samolýotlaryň hüjümlerini ýeterlik hasap eden otrýad komandirleri artykmaç pida çekmezlik üçin soldatlaryna aýak çekmekligi buýurdylar.

Meret tentek bilen Baýram bukawly ikisi ýerli-ýerden:

– Gädige tarap! Adamlar, gädige tarap gaçyň! Pytramaň! – diýip, gygyryşdyrlar.

Bosgunlaryň ýüzi ýene-de gädige tarap gönükdi.

Ruhy batyr bir ýerlerden hökїdikläp geldi-de, üstünde aýaly bilen iki agtygy oturan düýäniň owsaryna eline alyp iliň bosan tarapyna ýegdenekläp ugrady. Ýöne, gädige golaýladyklarysaýy samolýotlaryňam, asmandan inýän bombalaryňam sany köpeldi. Gyrgynçylyk görlüp-eşidilmedik derejä ýetdi. Taşlanan bombalaryň sany ýüze golaýlady. Enehakyda öz ýanyndan bu gyrgynçylygy Gökdepe gyrgynçylygyndanam has aýylganç hasap etdi.

Oglanhakyda göçüň günbatar ganatyna göz aýlady.

Gyzyl ýaýyrt bolup ýatan goş-golamlary, adam meýitlerini basgylaşyp ýören sygyrlar nirä gitjeklerini bilmän, bir duran ýerlerinde aýlanyşýarlar, uzyn-uzyn molaşýarlar. Zähreleri ýarylara gelen goýundyr-geçiler tar-tar bolup, ertirki dumanyň saban tarapyna tazygyşyp barýarlar. Art aýaklary ýolunan bir dor at bolsa syrtyny ýere urupdyr-da, öň aýaklaryny howada kelemenledip, ýelden ýaňa ýyrtylaýjak bolýan burunlaryny «parryldadyp», hanasyndan çykara gelen gözlerini petreýdip, iki ýana urunýar, horgurýar, demi-demine ýetmän içigýär, galjak bolup gobsunýar-gobsunýar-da, bir tarapa agyp gaýdýar. Tä, ysgyndan gidip ýykylýança, ol şol hereketini birnäçe gezek gaýtalady.

Içegelerini süýräp, «bar-bar» bagyryp gelýän üsti «ýürekli» gara inerem «gürpüldäp» onuň üstüne ýykyldy. «ýürekden» gyzyl kürteli ýaş gelniň jesedi «jalkyldap» ýere gaçdy. Onuň gözleri açyk. Ýöne, sowuk. Nazarynyň haýsy tarapadygy belli däl.

Oňa çenlem Oglanhakydanyň münüp barýan düýesi ol ýerden daşlaşdy. Ýöne, ondanam beter, aýylganç bir hadysanyň üstünden bardy. Bir çogdum ýylgynyň düýbünde, iç goşy ýere dökülen, jan teslim edibilmän, gözlerini dik asmana dikip, gana boýalan penjeleri, çöp-çöňürlerden ýaňa injikleri çyzyk-çyzyk bolan köwüşsiz aýaklary bilen ýer peşäp ýatyr. Onuň gapdalynda gözlerini ýyltyladyp, sessiz-üýnsiz ýatan ýigdekçäniň bolsa bomba gyýçagy bir kibtini alyp gidipdir. Ol ýa-ha düýbünden yza duýmaýan bolmaly ýa-da eýýäm ahyrýediň bosagasyndan ätlän bolmaly. Orta ýaşlaryndan agan başga bir garaýagyz pyýada daş-

töweregindäki leýs bolup ýatan maslyklaryň arasyndan basymrak saýlanjak bolýamy ýa il deňinde gädige ýetjek bolýamy ýatan ýerinde kä togalanýa, kä çabalanýa, käte-de ýanyn ýatyp şor ýeri egni bilen süsýä, öňe tarap omzaýa, ýöne, gozganyp, bilenok. Deňinden geçiberende Oglanhakyda onuň iki aýagynyňam dyzyndan aşagynyň ýokdugyny görüp galdy.

Birdenem at üstünde oturan ýerinde samolýot bilen söweş edip ýören Meret tentek at segredip bir beýigräk ýere çykdy-da:

— Haý, millet, elinjek gyrlyp gutarýaň, dön yzyňa!.. – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrdy. Sözüni soňlap-soňlamanka-da atynyň boýnuny gujaklap aşak egildi. Çat maňlaýyndan joralanyp akýan gyrmyzy gan gyr atyň çalymtyl gerşini bir demde gara reňke boýady.

Agdar han bilen Baýram bukawly ikisi ony atdan agmanka garbap aldylar-da ýere düşürdiler. Iki sany söweşijä jaýlamaklygy buýrup, özleri göçi yza dolamak bilen boldular. Ýöne, bu öwrülişik hiç hili netije bermedi. Göçüň dolanany bilen taşlanýan bombalaryň sany azalmady.

Her gezekki «gümmürdiden» soň, Ruhy batyryň çekip barýan düýesi diň-gögüne bakyp, kellesini iki-baka ýaýkaýar, agzyndan ak köpük saçyp eýmenç-eýmenç arlaýar, bagyrýar. Üstündäki «ýüregiň» içinde oturan ezizlerine zeper ýetirmezlik üçin, Ruhy batyr ony köşeşdirjek bolýar, owsaryndan çekýär, haýbat atýar, hatda höre-köşe-de edip görýär, ýöne, netije berenok. Köşeşdirmek başardaýanda-da, golaýda bir ýerde bomba ýarylýar-da, ýene-de şo bir hereketler gaýtalanýar. Bosgunlar gädikden mazaly daşlaşyp, kowgy gelýänler bilen ýüzbe-ýüz bolanlaryndan soň samolýotlar göçüň üstünden sowuldylar.

Hemmeleriň aňynda: «Indi uruş gutardy, häzir olar bizi ýesir alarlar, nirädir bir ýerlere äkiderler, ýaman etseler urarlar, sögerler, belki sibir ederler. Ýöne öldürmezler» diýen oý peýda boldy. Her kim şol tarapdan biriniň gelerine ýa aralaryndan birini öz ýanlaryna çagyryp gepleşik geçirerlerine garaşdy. Hakykatda bu şeýle bolaýmalydam. Ýöne, bar zat tersine boldy. Ýanlaryna gelmek, gepleşik geçirmeg-ä däl, esgerler asla olara tarap gaňrylybam bakmadylar. Göçüň aýagy jem boldam welin, olar usullyk bilen iki ýana «gyrmyl-gyrmyl» edişdiler, bir zatlar barada özara «hümürdeşdiler, biri-birleri bilen baş atyşyp, üm bilen makullaşdylar, soňam ýarym halka görnüşinde göçüň öňüne aýlandylar-da, öň hatarlarynda birgiden pulemýotlaryň agzyny bosgunlara bakan bakdyryp goýdular. Özlerem şol hereketlerini şeýle bir arkaýynlyk bilen etdiler welin göçegçiler gaýry bir gabahat zady göwünlerine-de getirmediler. Kimdir biriniň sap atyp gaçaýmazlygy üçin ýa duýdansyz üstlerine çozaýmazlyklary üçin, garaz, göz üçin ýa ätiýaç üçin şeýdýändirler öýtdüler. Şonuň üçinem, soýuljak mal ýaly durlar irkiljireşip. Mal-

garalaryň dagy pytraşyp hersi bir ugra gitdi. Olar indi hiç kimiň gözüne-de görnenok. Her kim janyny gutarybilse galan zada kaýyl.

Şonuň üçin düýelerem çökerildi. «Ýürekdäkiler» aýaklaryny ýazmak üçin aşak düşürildi. Garry aýallar, gojalar argyn göwrelerine aram bermek üçin özlerini ýere goýberdiler.

Soldatlar welin, birdenkä ala-goh boluşdylar-da, sen-men ýok biri tüpeňden, biri pulemýotdan, ýene biri minemýotdan bosgunlara tarap ot açyp başladylar.

Eli tüpeň ýa gylyç tutup biläýjekleriniň tas barysy diýen ýaly bireýýäm gyrlyp gutaran, ählisi aýal-gyzlardan, çagalardan, garry-gurtulardan ybarat, hossarsyz galan agyr mähelle gara gazanyň içine oklanan bir gysym gowurga ýaly oýuň içinde iki ýana urunmaga başlady. Şol wagt şolaryň islendigini saklap: «Kyýamat nedir?» diýip sorasaň ikirjiňlenmän: «Ine, şudur» diýip, oýuň içine barmagyny çommaltjakdygyna şek-şübhe ýok. Ýaman dert gaçara-da ýer ýok. Öýler-ä gabalgy. Bir gapdallaram dag. Gädige tarap gaçsaňam ýene-de üstüňe bomba ýagyp başlajak.

Birdenem tüpeňdir-pulemýotlaryň sesi pesendeledi-de, düşüniksiz bir gykylyk, goh-galmagal emele geldi. Enesidir uýasy bilen el tutuşyp, bukulara ýer gözläp ýören Oglanhakydanyň gözi şol wagt:

— Rebýata! Stoýte! Ne strelýaýte! Oni že poçti bez otužnyýe! Deti i stariki... – diýip, iki ýana elewräp, pulemýotlary depişdirip, elindäki gylyjy bilen soldatlaryň tüpeňleriniň nillerine kakyşdyryp ýören kelte boýly, kellesi ullakan gartaňrak ofisere düşdi. Aýdýan sözlerine düşündi. Ol soldatlara: «atmaň» diýýärdi. Atdyrmajak bolýardy. Halys bolmansoň ol ot açyp duran pulemýotlaryň, tüpeňli soldarlaryň öňüne geçdi. Iki elinem ýokary galdyrdy.

— Bogam proklinaýu was, perestante!

O-da netije bermänden soň bir tümmegiň üstüne çykdy-da, bosgunlara garap iki dyzyna çökdi. Maňlaýyny şor topraga goýup ýer ýumruklady. Aglady. Ajy ýaşa dolan gözlerini bosgunlara dikdi.

— Bratsy! Sýostry! Otsy i materi! Prostite etih nesçastnyh, oni že ne znaýut çto delaýut...

Soldatlar welin şonda-da ok atmalaryny bes etmediler. Düýbünden diýen ýaly baştutansyz galan naçar görgüliler, gojalar golaý-goltumdaky bölek-bölek bolşup, o ýan, bu ýan tazygyşyp ýören mal-garalary bilen birlikde has oýtagrak ýere çekildiler-de, özleri olaryň üstaşyry duşman bilen atyşyp başladylar. Arzuwam enesiniň elinden sypdy-da, ylgap baryp şolara goşuldy. Ruhy batyr, şol wagta çenli göç-gon aladasy bilen bolup gelýän beýleki gojalaram söweşe çagyrdy. Olar ýerli-ýerden ýaraga ýapyşyp gyzlara kömege bardylar. Ruhy batyr gojalary gyzlaryň çep ganatynda ýerleşdirdi. Özem öň hatarda bir ýerde ornaşdy. Pulemýotçylaryň birini

nyşana aldy. Ýöne, mäşäni gysyp ýetişmedi. «Hyrk» etdi-de, maňlaýyny ýere goýdy. Oňa gözi düşen Enehakyda:

— Waý, bagtym ýatdy – diýip, çirkin gygyrdy-da, gyzgyn gülleleriň arasy bilen ärine tarap ylgady, Oglanhakyda hem onuň yzy bilen şol tarapa ýüwürdi.

Enehakyda barşy ýaly gözlerini iki ýana urnup ýatan adamsynyň o ýerini bu ýerini sermelidi. Eli ýagyrnysyna ýetendenem: «Hiýh» etdirip içini çekdi. Çünki Ruhy batyryň iki kebzesiniň arasynda minemýotyň gyýçagynyň ujy somalyp durdy. Enehakyda agtygy bilen bilelikde ony süýrekläp aşak düşürdi. Çöküp oturan düýeleriniň ýanyna eltdi. Oňa çenli oýuň içindäki garry aýallaryňam käbiri gelip batyryň daşyny galladylar. Ruhy batyryň ozaldanam tebsiräp duran dodagy şol wagt gara-ört boldy. Ýaryldy. Gözleriniň agy bulançak, nazary nätakyk göründi. Suw soraýandyr öýdüp, Enehakyda taýak atym ýerde ýatan küýzä tarap seretdi. «Bar, getir şony» diýýän manyda Oglanhakyda üm etdi. Oglanhakyda bir bökende küýzäniň ýanyna bardy. Eglip elini uzatdy. Emma garbap ýetişedi. Ok degdi-de, küýze pagyş-para döwüldi. Suw ýere akdy. Şeýlede bolsa Oglanhakyda küýzäniň bir ýan böwründe galan bir owurt suwy getirip enesine berdi. Enehakyda ony äriniň agzyna tutdurdy. Emma Ruhy batyr içmedi. Çünki, şol wagt onuň agzy beklidi.

Adamsynyň elden gidip barýandygyna gözi ýeten Enehakyda ylgaşlap diýen ýaly oýuň gyrasyna çykdy. Çabga ýaly ýagýan oka tarap döşüni gerip durşuna düwülgi, gök damarlary galyşyp duran süňklek ýumruklaryny soldatlara tarap galgatdy.

— Gelmän geçen ýezitler! Hudaýam siziň öz ýurduňyza-da gan çaýkalsyn! Ojaklaryňyzda ýeller öwüssin! Meýitleriňiz, şu, şor topraga noş bolsun! Ýetim galan çagalaryň ärsiz galan gelinleriň, garry eneleriň dul galan ýurduň ahy tutsun!..

Häliden bäri iki ýana urnup ýören gartaň ofiseriň gözi birdenkä nalyş edip duran Enehakyda düşdi-de, oňa tarap siňe-siňe seretdi. Öz gözlerine ynanamaýan ýaly, pişik basyşyny edip kem-kemden öňe süýşdi. Birdenem:

— O, Bo-o-že! – diýdi-de, ylgaşlap aşak gaýtdy. Yzyndan: «Kuda wy, towariş komandir!» diýşip gygyryşýan seslere gulagam asman, iki gapdalyndan «şuwlaşyp» geçýän oklaryň arasy bilen, Enehakydanyň ýanyna geldi. – Ene-e!.. – diýip, onuň aýagyna ýykylydy. Ýerinden galmanka-da, öz soldatlary tarapyndan bosgunlara tarap atylan oklaryň biri gelip boýunoňurgasyndan girdi. Ol janhowuljyna togalanyp oýuň içine gaýtdy, Enehakyda hem onuň yzy bilen aşak düşdi. Gelip, ýüzüne çiňerildi.

— Eý, Huda-aý, hakkyt şol – diýip, pyşyrdady. Onuň süzülip barýan gözlerine seredip: — Bize nähili erkinlik getirendigiňi indi bildiňmi – diýdi. – Siz bizi ýurdumyzy terk edip gitmänedem-ä goýmadyňyz...

Ak patyşanyň bir wagtky hatardaky esgeri, häzirki gyzyl komandir, orslaryň Gökdepe galasyndaky eden gyrgynçylyklaryň günäsini ýuwmak üçin türkmen topragyna indi ikinji gezek, halasgär hökmünde gelen Aleksandr Iwaşowyň gulagyna bu wagt ses ilenok. Oklaryň «şuwwuldysynam» minomýotlaryň «gümpüldisinem», pulemýotlaryň «tatyrdysynam», Enehakydanyň pyşyrdysynam ol indi eşidenok. Onuň aňyndan häzir şo-ol, oglanlykda oýnan ýaşyl ýaýlalary, sähralyklary, gök maýsaly meýdanlar, baýyrlyklaryň ýüzündäki ýaşyl diwara meňzäp duran kowçum-kowçum gür tokaýlyklar, gülli-gülälekli ýaşyl otlaryň içinden turup, agaçlyklaryň arasyna siňip gidýän akja towşanjyklar, agşamara orakdan gaýdyp gelýän oba daýhanlarynyň hor bolup aýdýan aýdymlary, başy kiçijek ak ýaglykly, egni gögümtil jir köýnekli ejesi, nijembir ýyllar arzuw edip öýlenen aýaly, çagalary iň soňky gezek gaýmalaşyp ýörler. Ýöne, ol suratlar o ýerde indi uzak durmaz. Hä diýmän öçer. «Ýeroýlanduz» çöketliginiň içinde läş bolup ýatan maslyklaryň ählisiniňki ýaly onuňam ruhy bakyýa gider.

Enehakyda:

— Ah, sallat, sallat... – diýip, gözüne ýaş aýlanda bolsa, ol eýýäm hakykatdan-da bakyýetiň bosagasyndan ätläpdi.

Ony ajal bilen jan dalaşyna girişip ýatan Ruhy batyram tanady. Ol gelip öz gapdalyna gonan aýalynyň durşuna süňk bolup duran goşaryndan tutup guraksy seslendi.

— Sallat, öz borjuny berjaý etdi, Enehakyda. Iýen duzuny haklady. Size erkinlik getirdim diýip ýalňyşandygyna-da düşündi. Men onuň bize tarap ýekeje ok hem atmandygyna ynanýan. Şonuň üçinem, biziň ony bagyşlamagymyz gerek. Buýrugy bolsa ol berenok. Buýruk has ýokarrakdan gelýä. Onuň borjy ony berjaý etmek. Bu öňem şeýle boldy, bu gezegem şeýle.

— Howwa... Bu şeýle... Ýöne, sen bagyşlasaň menem ony bagyşlaryn, Ruhy. Ol gowy adamdy. Ýüreginde ýamanlyk ýokdy. Ol bu topraga öňem, bu gezegem ýalňyşlyk bilen geldi.

— Sen menem bagyşla, Enehakyda. Men seniň tamaňy ödäp bilmedim, äbererin diýen erkinligimi saňa-da, il-güne-de alyp beribilmedim...

— Ýok, Ruhy, sen maňa-da, il-güne-de erkinlik äberdiň. Hemmesine äberibilmeseňem şony islänlere öz daşyňa üýşenlere äberdiň... – Enehakyda hiç zatdan heder etmän, yzgar gumy ýassanyşyp, ellerindäki ýaraglaryny ýetişibildiklerinden işledip ýüzün ýatan başlary tahýaly, şamar deý gara saçlary başlaryna oralgy owadan gyzlara, bürenjekleri çaprazdyr-çaňňaly gül ýüzli gelinlere, göwrelerindäki iň soňkuja güýçjagazlaryny jemläp, duşman sary ok atyp ýatan gojalara sanaýmaly bolup galan ýigitleriň döşlerini oka tutup, duşman üzre sürünişlerine bir pursat nazar aýladylar-da, aýtjak sözlerini sözme-söz eşitdirmek

üçin äriniň üstüne egildi. Agzyny gulagyna eltdi. – Olar, ine, häzirem öz erkinliklerini elden bermejek bolup ölüm dalaşyna girdiler. Diýmek biz entegem ýeňilemizok. Ýeňilmerisem. Öleris, emma ýeňilmeris...

— Berekella, Enehakyda. Sen hemişe-de meň köňlümiň aramydyň. Men hemişe-de seniň sözleriňden kuwwat tapýadym. – Ruhy batyr gözüni çalaja açyp, biliner-bilinmez ýylgyrdy. – Ýadyňdamy?.. Çaga wagtlarymyz... Biz Nyýazdepede oturýakak... Biziňkä gejelenje gelýän döwürleriň...

— Howwa, Ruhy, bilýän... Hemmesi ýadymda. Sen şol wagtlaram maňa üýtgeşik nazar bilen bakýardyň... Men şol wagtlaram seniň meni gowy görýändigiňi aňýadym.

— Şeýlemi?

— Howwa...

— Wah, garry ezizim...

Enehakyda Ruhy batyryň göwresini gujaklady.

— Gerçegim...

Şondan soň Ruhy batyr häliden bäri başujynda aglap oturan Oglanhakyda ýüzlendi.

— Aglama, oglum. Mert bol. Birem özüňi gora. Sen halkyň hakydasysyň...

Edil şol wagt gyzlaryň arasynda söweşip ýören sanlyja ýigitleriň biri örboýuna galdy-da:

— Haý, türkmen, seňki bolmady! Ajaldan gaçyp ölmüň agzyna geldiň. Indi saňa bulardan aman sypmak ýok. Gyrlyp gutarmankaň bos, ýene-de gädige tarap! – diýip, gygyrdy.

Ol wagt göçe ýolbaşçylyk edip gelýän ekabyrlardan birem diri galmandy. Kimiň ýolbaşçylyk edýändigem belli däl. Baş ýok. Şonuň üçinem, ol çakylygyň kimden çykandygy bilenem hiç kimiň işi bolmady. Her kim ýerli-ýerden güýjüniň ýetdiginden bosmak bilen boldy.

Düýelerini idekleşip, galanja mallaryny süriekleşip, Enehakyda dagynyň üstaşyry ätmerleşip, geçýänleriň sany barha köpeldi. Görlüp-eşidilmedik ber-başagaýlyk başlandy. Enehakyda göwünlik berip, Ruhy batyr bilen hoşlaşyp oturan garry aýallaram «gürre» ördüler-de, iliň barýan ugruna tarap yndylar.

Enehakyda näme etjegini bilmän aljyrady. Turup, iliň yzyna düşeýin diýse äri galjak, äkideýin diýse güýji ýetjek däl. Üstesine her gezek golaýlarynda mina ýarylanda düýesem hasanaklap ýerinden galýar-da, burnuny dik ýokary tutup, «bar-bar» bagyryp başlaýar, kellesini ýaýkaýar, aýaklaryny «tapyrdadýar». Gaçjak bolýar. Soňabaka Enehakyda bilen Oglanhakyda ikisine şony saklamagam iş boldy. Bu ýagdaýy aňan Ruhy batyr:

— Baryň, gidiň, eglenmäň. Meni taşlaň-da ümdüziňize gaçyň – diýip, ýuwaşja pyşyrdady.

Enehakyda muny barybir eşitdi. Oglanhakyda hem eşitdi. Ol atasyny gujaklap öňküsindenem beter aglady. Enehakydanyňam bokurdagy doldy. Owasynyň içine çöküp giden goňras gözlerine ýaş geldi. Sesi juda ygsynsyz çykdy.

— Beý diýme, Ruhy... Men... Biz... Seni taşlap...

— Men hiç... – Guşly batyr gözüniň agyny köpeldip, elýeter ýerde ýatan tüpeňe tarap baş atdy. – Şony maňa äber-de, özüň git. Çagalaryňam al-da, git. Ilden yza galma. Galsaň ele düşersiň.

— Ýok, men seni bu ýagdaýda taşlap gidip bilmen... – Agynyň böwedi böwsüldi. Ol gollaryny giňden gerip äriniň üstüne howala boldy. – Şunça ýyl bile ýaşaşybam men seni bu dowzahyň içinde taşlap gidibillerinmi...

— Gidersiň... Gitmeseň bolmaz... – Ruhy batyr ýumuk gabaklaryny zordan açdy. — Agtyklarymyzy halas etseň meni razy etdigiň bolar. Hakydasyz galan halk jansyz jesede döner. Arzuwam tap-da, ikisinem alyp çyk. Men indi barybir...

Ýagdaýyň neneň-niçikdigini ýaňy aňan ýaly äriniň ýaňky sözünden soň Enehakyda büs-bütin üýtgedi. Bir wagtkylary ýaly merdemsi, aýgytly sypata girdi. Ruhy batyryň görkezen tüpeňini garbap aldy-da, eline tutdurdy.

— Me! Ýöne, öňürti meni at! Menem seniň bilen bile öljek! Durmuşyň süýjüsin-ä görübilmedik, ajysyny bir deň dadaly. Iň soňky ýola-da bile gideli. Kyýamat magşar güni birek-biregi gözläp ýörmeli bolmaly... – Enehakyda kemşermekden ýaňa aşaky eňegi bir tarapa gyşaryp giden ýüzüni Oglanhakyda öwürdi. Gubary gaçan gözlerinden dökülen ajy hem ýylymsy gözýaşlar çekgelerindäki ýygyrtlaryň içi bilen ýol ýasap, çürelip duran eňegi üzre syrygyp ýere akdy – Bar, oglum, gaç! Başyňy gora! Arzuwam tapda, ile goşul. Ataň ikimiziň ýolumyz şu ýerde tamam bolýa...

Eline tutdurylan tüpeňi edil ezizi deý bagryna basan Ruhy batyr ýüreginden syzdyryp:

— Ýok, Enehakyda, senem olar bilen bile git. Meniň senden iň soňky haýyşym şü. Kyýamat gününden bolsa gaty arkaýyn bol. Magşar meýdanynda men seni hökman taparyn, mähribanym diýerin. Seniň jenneti maşgaladygyňa Biribaryň öňünde güwä geçip maňlýyňdan ogşaryn. Behişdiň töründäki ak jaýa seniň bilen bile girerin. – diýdi.

Enehakyda indi ikinji gezek özüni äriniň üstüne zyňdy. Elindäki tüpeňe ýapyşdy.

— Senden galyp bu jahany başyma ýapaýynmy, Ruhy! Dözmeýän bolsaň getir, men özümi özüm ataýyn...

Enehakydanyň gulagynyň agzynda agtygynyň çirkin sesi ýaňlandy.

– Menem at, Ene! Meniňem duşmanyň eline düşesim gelenok!..

Ruhy batyr agtygynyň sesi gelen tarapa barmagyny çommaltdy.

– Ana, gördüňmi, Enehakyda? Eşitdiňmi? Ýa-da seniň halky hakydasyz goýasyň gelýämi? Enehakyda şondan soň bar zada kaýyl boldy. Äriniň mamladygyna düşündi. – Uludan demini aldy. Bir «ah» çekibem ýerinden galdy. Hor hem kiçijik ýumruklary bilen kükregine urdy.

– Wah gara bagtym! – Ol äriniň ýüzüne ýüzüni goýdy. – Onda razy bol, Ruhy!..

Ruhy batyryň dodaklary çalaja gymyldady. Sesi öňküsindenem has ysgynsyz çykdy.

– Men senden razy bolman kimden razy bolaýyn, Enehakyda. Sen maňa ömür boýy goltgy berdiň, entesem söýget bolduň, direg bolduň. Ruhumy göterdiň. Ömrüňi-ömrüme baglap maksadyma ýetirdiň. Durmuşa bolan höwesimi artdyrdyň. – Guşly batyr çalaja tamşandy. – Indi bolsa bar, git, özüňem eglenme, menem ýoldan saklama.

Enehakyda kynlyk bilen ýerinden turdy. Uçmaga hyýallanýan ganatsyz guş ýaly birki ýola gobsundy-da, atasynyň ýüzüni gözýaşy bilen ýuwup duran agtygynyň elinden tutup uly iliň barýan ugruna tarap tutdurdy. Bäş-on ädim ädibem sakga saklandy. Yzyna döndi. Gundagyny, nilini, mäşesini sermeläp, eýýämhaçan tüpeň bilen tutluşyp ýatan ärine tarap aýasyny ýaýdy.

– Kyýamat güni didarlaşýançak hoş, Ruhy-y!..

Onuň agy gatyşykly naýynjar sesi Ruhy batyryň elindäki tüpeňden çykan aýylganç «gümpüldä» garyşyp gitdi. Ol yzyna dönjek ýalam etdi-de, gözýetimden arlaşyp gelýän samolýotlaryň täze bir tapgyryny görüp, aňyrlygyna bakan ylgady. Birdenem aýak çekdi-de:

– Wiý, hany Arzygül – diýip, ilk-ä Oglanhakydanyň ýüzüne, soňam häliden bäri gyzlaryň atyşyp ýatan seňňerine seretdi.

Ýöne, indi ol ýerde gymyldysyz ýatan jansyz jesetlerden başga gyzam, gelinem, ýigidem, goja-da, asla hiç kim görnenok. Garry-u ýaş hemmesi baş-başa jan-jana, elem-tas bolşup, gädige tarap haýdaşyp barýardylar.

Birdenem sol tarapdan:

– Ene-e-e... – diýen agy gatyşykly ysgynsyz aýal sesi eşidildi.

Enehakyda «ýalt» edip şol tarapa seretdi. Ýöne, zogdurylyp akýan ganyny saklamak üçin, sag aýagynyň baldyryny penjeleri bilen mäkäm gyysymlap, özüne tarap ýaraly keýik deý keýtikläp gelýän başy ýalaňaç, saçlary buýr-bulaşyk, ýüzi-gözi gan-gabarçak bolan gyzyň öz agtygy Arzuwdygyna ynanmajak boldy.

Arzuw welin şol gelşine-de:

— Ene, hany atam? Atam hany? Ol näme üçin siziň ýanyňyzda ýok? Ýa ýaralandymy? Bir zat boldumy?.. – diýip, sorag yzyna sorag berdi.

Agtygyna jogap berip ýetişmänkä, Enehakyda ýeňsesinden iterilen ýaly tüwdürilip gitdi-de, baryp bir tapbak gara çöňüriň içine süsdürildi.

— Waý, ene! – diýip, Oglanhakyda özüni çöpe urdy. Oňa çenli Arzuwam süýşenekläp geldi-de, jigisi bilen bilelikde enesiniň bilinden tutup yza çekdi. Çykardy. Arkan ýatyrdy. Enehakyda kem-kemden nury öçüp barýan gözlerini olara tarap taýly gezek aýlady. Adamsynyň ýap-ýaňyja özüne aýdan sözlerini indi onuň özi agtyklaryna aýtmaly boldy.

— Baryň, guzularym, gidiň, eglenmäň. Indi bar umyt sizde. Ataňyzyňam iň soňky sargydy şü. Göçüň yzyna düşüň-de, tä, gädikden geçýänçäňiz yzyňyza garaman gaçyň. Şu gören-eşideleriňizem hakyda salyň, indiki nesillerimize ýetiriň. Halk ýeňilmedikler hakyndaky hakykaty bilmelidir.

Oglanhakyda sowukdan ýaňa ujy gyzaran, atasynyňka meňzäp duran inçegeriş burunjagazyny çalarak çekdi-de, ýaşa dolan gözlerini balkyldadyp Arzuwa seretdi. Arzuw oturan ýerinde, onuň çigninden tutup ýüzüni gädige tarap öwürdi.

— Bar jigim gaç!

— A sen näme?

— Men indi gidibilmen.

— Näme üçin?

Arzuw kiçi köýneginiň daşyndan süňkleri somalyşyp duran baldyryna tarap baş atdy.

— Gaçara ýagdaýym ýok. Atam bilen enemiň sargydy indi diňe saňa bagly.

Uýasynyň şol sözleri Oglanhakydany bir demde uly adama öwürdi. Ýigitlige ýetirdi. Ölerini-galaryny bilmän günorta tarap tutduryp barýan bu göçüň ýönekeý göçhä-göçlük däl-de, bir döwrüň başga bir döwürden dat edip barýan gaçha-gaçlygydygyna-da, özüniň köp zada borçludygyna-da düşündi. Göwresinde on iki ýaşly çaga mahsus bolmadyk dogum, güýç, kuwwat, hyjuw, peýda boldy. Ol bokurdagyna tegek bolup duran bir düwür ýumry agyny, «gulkuldadyp» ýuwutdy-da, biri-birine kaklyşyp ýatan adamdyr-mal maslyklarynyň arasyndan zordan saýgardýan atasyna, jan teslim edibilmän gözleriniň öňünde kakynyp ýatan enesine, demsaýy ysgyndan düşüp, ýanyny ýere berip barýan uýasyna, demir ganatlaryny ýaýyp, üstüne abanyp gelýän samolýotlara howlukmaçlyk bilen nazar aýlady. Birdenem gollaryny galgadyp öňe towusdy-da, ýelgamak ýaly ýeldirildi ötägitdi. Dessine-de dyr-pytrak bolşup barýan bosgunlaryň yzyndan ýetdi.

Onuň ile goşulanyny, hakydanyň halas bolanyny gören Arzuw enesiniň üstüne egildi. Başyny gursagyna goýdy.

— Biz ýeňilmedik ene! Eşidýäňmi, olar bizi ýeňip bilmediler.

Emma eneden jogap bolmady. Gurpsyz göwredäki sary gaçan ýürek şol dem iň soňky urgusyny tamamlady. Jan jesedi terk etdi. Çommalyp duran horja eller şor ýere şalkyldap gaýtdy. Köp hupbatlary gören, Ruhy batyra bagt beren, bir wagtlar ýigit barynyň ýetip bilmez arzuw bolan görkana gözler ýumuldy.

Arzuwam emaý bilen başyny enesiniň gursagyna goýdy.

Köpçüligiň içi bilen çat maňlaýlaryndaky dagy nazarlap, aýak-aldygyna ylgap barýan Ogalnhakyda, şonda ömürboýy ýadyndan çykmajak şeýle bir hakykata göz ýetirdi, ýagny, hiç haçan ölümdenem, ajaldanam, okdanam gorkmaly däl ekeni. Gorkynyň asla ajala peýdasy ýok ekeni. «Kyrk ýyl gyrgynçylyk bolsa-da ajally öler biajal galar», diýenleri çyn ekeni. Nähili ýagdaý bolanda hem ajal aljagyny alýan ekeni. Allanyň goraglan bendesine kär edip bilmeýän ekeni. Çünki, hem ýerden, hem asmandan «juwlaşyp» gelýän oklar onuň öňünden gaçyp barýana-da, yzyndan ylgap gelýäne-de, has-has edişip gapdaly bilen egin deňläp barýanlara-da degýär, aýaklarynyň aşagyny tozadyp, öňünden, gapdalyndan ýa yz ýanyndan ýarym töwerek, kä doly töwerek, käte bolsa dürli görnüşdäki terslin-oňlyn çyzyk;ar ýasap gidýän gezeklerem bolýar, ýöne oňa degenok. Edil doly ýagýan ýaly «şabyrdap» dur, ondan sowa geçýär.

Gädige golaýlap, ok ýeterdenem mazaly daşlaşanlaryndan soň bosgunlaryň , bosgunlaryň depesinden aýlanýan samolýotlaryň sany ýene-de köpeldi. Şonuň bilen birlikde ýere düşüp ýarylýan bombalaryňam sany artdy. Ýöne indi ýer sydyrdyp pulemýotyň okuny sepeleýärlermi, howany sygyrdyp tüpeňden gülle ýagdyrýarlarmy, ýa asmandan mähnet daşy ýaly reňki gara, içi däriden doly çoýun bombalary oklaýarlarmy, o zatlar bilen hiç kimiň işi ýok. Bu wagt her kimiň bar gaýgysy öz gara başy, hemmäniň bar ünsi, nazary gädikde. Uly kiçi, aýal-erkek hemmesi şony nazarlap, ümdüzine tutduryp barýar.

Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän bu şor çöketligiň içinde ata-enesinden, kakasyndan, uýasyndan aýra düşen halk hakydasy hem şol gaçha-gaçlygyň arasy bilen gädigi nazarlap ýeldirilip barýar.

Yzda bolsa adam jesetleri kä ýerde birden, ikiden kä ýerde üçden, bäşden, käbir ýerlerde ondan-on bäşden münder-münder bolşup, biri-birlerine terslin-oňlyn kaklyşyp ýatyrlar.

Garaňky gatlyşyberende bosgunlaryň barmak basyp sanaýmaly kiçijik bir torapy gädikden geçdi. Samolýotlar ahmyrly «arryldaşyp» yzlaryna öwrüldiler. Pulemýotlaryň «patyrdysam», tüpeňleriň «tarryldysam» allaowarralarda galdy.

## 23. Owganystanda

Gädikden geçen bosgunlaryň barysy birden diýen ýaly, duran-duran ýerlerinde özlerini ýere goýberdiler. Kim ýüzün düşdi, kim arkan gaýtdy. Ençeme gün bäri akla sygmajak ýadawlyga, suwsuzlyga döz gelen argyn bedenler şeýdip özlerini rahatlyk ummanyna okladylar.

Olaryň arasynda bäşdir-üçdir aýal-gyzam, garry-gurtam, Ogalhakyda ýaly ýaş-ýeleňlerem bar. Ekabyrlardan, batyrlardan görünýäni ýok. Sebäbi olaryň barysy şehit boldular. Mal-gara-da ýok. Olary şol günüň ertesi jeň bolan meýdandan çöpläp alyp soldatlar, Guşga äkitdiler. Oglanhakyda hem il hatary yzgar ýer üzre süýnüp birneme özüni raslandan soň «öwhüldäp» arkan öwrüldi. Soň dik oturdy. Soňky günlerdäki bolup geçen wakalary, gören-eşiden zatlaryny ýatlady. Hossarlary göz öňüne gelende agysy tutdy ýöne, ýeke özi aglabermäge ejap etdi.

Onuň içki duýgusyny aňan ýaly edil şol pursat aýal-gyzlaryň arasyndan haýsydyr-biriniň pessaýja agysy eşidildi. Ol henizem ekabyrlaryň sargydyny ýatlap hünübiryan aglabermäge çekinýän borly, dert-azar saklanjak bolýar, içikýär. Ýöne, ahyry duşmandan ara açandyklary, indi erkindikleri baradaky pikir üstün çykdy-da, agy telim gün bäri bokurdaga bent bolup duran böwedi böwsüp goýberdi.

Ony beýleki naçarlaram alyp göterdiler. Olaryň hemmesi birigip «Ýeroýlanduzda» we ondan aňyrky söweşlerde wepat bolan dogan – garyndaşlarynyň ogul-gyzlarynyň, ata-eneleriniň agysyny aglaýardylar.

Dar jülgäniň içindäki agyr eňşeşik gitdigiçe güýjedi. Çygly, sowuk howanyň arasy bilen bulutlary dilip dik asmana göterildi.

Diňe şondan soň Oglanhakyda hem agysyny öz erkine goýberdi. Içini egisdi. Ýüregini gowzatdy. Ýöne, gam-gussa welin barybir egsilmedi.

Ýarym gijeden agyberende Oglanhakydany uky basmarlap başlady. Ol hatda üşemesinem ýadyndan çykardy. Irkildi. Öz tenleriniň tebti bilen biri-birlerini ýylatmak üçin gysmyljyraşyp oturan aýal-gyzlaram, erkeklerem irkildiler. Daňa golaýam asgyryşyp, üsgürişip oýandylar. Bedenleriiň guruşgynyny ýazmak hem-de az-kem gyzyşmak üçin o ýan, bu ýan gezmelediler. Soň ikibir üçbir üýşüp gümür-ýamyra başladylar. Oglanhakyda olara diň saldy. Kimdir biri eňegini şakyrdadyp «hababaýlap» durşuna:

— Ekabyrlarymyzdan-a hiç kim galmady, indi nirä barmalydygymyzam, haýsy tarapa ýöremelidigimizem bilýän ýok – diýdi. – Hemmämizem malsyz, pulsyz...

Başga biri burnuna salyp «hoňňul-hoňňul» etdi.

— Olar bolmasa-da bizi gözläp taparlar, sebäbi göçüň gelýäninden Jüneýit han habarly bolmaly. Ol bizi hökman ýygnar. Ýöne, ine, malsyzlyk meselesi welin... Hakykatdanam bize nämeleriň garaşýanyny Alla bilsin...

— Aý, talabançylyk ederis, owganlylylaryň goýnuny bakarys, garaz hor-a bolmarys – diýip, digdenekläp duran üçünji biri ýoldaşlaryny köşeşdiriji äheňde seslendi. – Mal-mülküňem bir zady bor. Karz diýer, kowal diýer, garaz, berjek diýip söz beren bolsa owgan hökümedi bizi boş-a goýmaz. Ýöne, ine, aýraçylyga nädip döz geljek? Ýat ýer, ýat ýurt, ýat adamlar...

Onuň gürrüňdeşi gyňraýlyp gepledi.

— Näme, ýat ýere gidýändigiňi gaýtmankaň bileňokmydyň?

— Bilýädim-ä welin, ýöne nätjek-dä, şeýle boldy-da... kysmatdyr-da... ýogsam hökümetden gaçar ýaly üýşüp ýatan malymyzam-a ýokdy...

Mundan bu ýana näme etjekdigini, nähili gün-güzeran görjekdigini, kime ýüz tutjakdygyny Oglanhakyda hem bilenok. Şonuň üçinem, ol ünsüni üzlem-saplam gürrüňlerden sowdy-da, agyr oýlara çümdi. Bir ýerden atasy ýa enesi, kakasy, iň bolmanda uýasy gelegä-de: «Wiý, sen asyl bu ýerdemidiň biz bolsak seni o ýerlerden gözläp ýörüs» diýäýjek ýaly daş-töweregine delmurdy oturdy. Gözlerini tegeläp zol-zol gädige tarap seretdi. Imrindi.

Oňa çenlem daň atdy. Jahan ýagtyldy. Gün dogdy.

Şol gün howa açyk, asman dury boldy. Günüň ýokary galmagy bilen howa az-kem maýlady. Gün bosgunlaryň ýadaw ýagyrnylaryny çoýdy.

Şondan soň nirä, kimiň ýanyna gitmelidigi barda umumy maslahat boldy. Her kim bir zat diýdi. Ýöne, belli bir netijä gelip bilmediler. Çünki, hiç biriniňem Owganystana beletçiligi, tanyş adamlary ýok. Oglanhyka ýaly hossarsyz galan ýeke çagalara kimiň eýelik etmelidigi baradaky mesele hem çözülmän galdy. «Bu wagt biziň ýagdaýlarymyzam şolaryňkydan gowy däl” diýip, gelşiksiz gürrüň aýdanlaram boldy. Ýöne, hakykatdanam şol wagt edil Oglanhakyda gerek bolşy ýaly olaryň özlerine-de hossar gerekdi. Uly-kiçi, aýal-erkek diýmän, olaryň hemmesi ejizdi, egbardy, hordy, açdy, ýalaňaçdy.

Şeýdip ýaýdanyşyp otyrkalar owgan tarapdan bir bölek atly göründi. Bosgunlar olaryň öňünden ylgaşyp çykdylar. Olar kömek sorap baranlaryndan soň, Jüneýit hanyň iberen otuz atlysy ekeni. Gijä galandyklaryny bilip olar gaty gynandylar. Atdan düşüp hal-ahwal soraşdylar. Ýanlarynda baryndan bosgunlara çörek, suw berdiler. Hemmesine-de hossar çykyljakdygyny ýer-suw, iş beriljekdigini aýdyp, ruhdan düşüp oturan adamlaryň göwünlerini göterdiler, köşeşdirdiler.

Ugrajak bolup durkalar, at, düýe idişip gelýän ýene bir topar                    peýda boldy. Olar öňden bäri bu ýerde ýaşap ýören türkmenler bolup, bosgunlaryň geljegindenem, düşen ýagdaýlaryndanam eýýäm habarly ekenler-de, “alyp geliň” diýip, ýerli han-berler tarapyndan iberilen adamlar eken.

Soraşyp-ideşip olaryň içinde bosgunlaryň käbiri bilen hakyky hossar çykanlaram boldy.

Ene saýyň içi bilen, howlukman, otura-tura uzynly gün ýol ýörediler. Gije bir ýerde düşlediler. Şonda owunjak, edil ýaz aýynyňky ýaly ümür gatyşykly ýylymsy ýagyş ýagdy. “Şehit bolanlaryň mährem suwudyr bi, bendeleriň jaýy jennetden boljakdyr”, diýen tutuksy ses eşidildi. Oglanhakyda muny eşidip hemmeler makullarlar, “howwada-howwa” boluşarlar, “omyn” diýerler öýtdi, emma hiç kimden ses çykmady. Çünki, ol wagt adamlar jennet bilen döwzahyň, o dünýä bilen bu dünýäniň, ölülik bilen diriligiň tapawudyny unudypdylar. Ölenleriň ýagdaýy gowuny ýa öz ýagdaýlary gowumy ol wagt şonam seljerere olarda rowgat ýok.

Ertesi günortanaralar haýsydyr bir oba baryp bir barly adamyň howlusynda düşlediler. Ol ýerde bosgunlary naharladylar. Tämiz öýleriň içine salyp dynç berdiler. Soň obanyň ekabyrlary bolsa gerek, bäş-alty sany ýaşuly adamlar üýşüp bosgunlary golaý-goltumlardaky obalara bölüşdirdiler. Kimiň näme başarýandygyny, kimiň kim bilen bir oba düşesiniň gelýändigini soraşdyrdylar. Gezek Oglanhakyda ýetmänkä bir ýerden kelteräk boýly, gyrçuw mäşbürünç sakgally, geplände gözleri dygysyzlyk bilen ýumjuklap duran adam dor atyny säpjedip geldi-de, eýeriň üstünde ýanyn oturşyna aglaýan çaganyňky ýaly zeýrençli sesi bilen:

– Hakydalardan adam barmy – diýdi.

Muny Oglanhakyda hem eşitdi. Eşidişi ýalam ör turdy. Ýöne, nätanyş adama nädip tanyşlyk berjegini bilmän ýaýdandy. Ýuwdunyp daş-töweregine garanjaklady. Oňa çenlem ony tanaýanlaryň barysy birden: nämä sesiňi çykarman dursuň diýen manyda ýüzüne çiňerlişdiler welin, bir bökende dor atly adamyň alkymynda nädip peýda bolanyny özem bilmän galdy.

Ahmet aglawly lakamyny alan şol adamyň öýlerine gelenden soň, özüniň gürrüň bermegine görä, bir wagtlar Ruhy batyryň ogly Umyt bilen dost ekeni. “Hakguýuda” oturýarkalar köp gatnaşypdyrlar. Erkinligimizi gaýdyp alarys diýen tama bilen ogly Umydam alyp Jüneýit hanyň anyna gidende Ruhy batyr ýol ugrundaky guýa sowlup onam bile äkiden ekeni. Soň ol bir sebäp bilen Tejen obalarynyň birine göçüpdir-de Umyt bilen esli wagt görüşmändir. Ol bu ýere Annaguly hanyň ilkinji topary bilen gelipdir. Bolşuna görä ýerleşipdir. Ruhy batyryň maşgalasy bilen geljekdiginem bilýän ekeni. Gaty bir baýam däl, garybam däl. Orta tabyrak. Çaga sanam şolar ýaly. Üç gyzy iki ogly bar. Gyzlarynyň ikisi çykan, biri entek ýaş. Oglanhakyda bilen deň-duşrak. Oglanlary ýetişen, ýöne şolaryň diňe biri öýlenen. Hememsi öz ýanynda, bir howluda ýaşaýar. Ojagyň başynda derçiräp çaý içip oturşyna ol Oglanhakyda başga-da kän zatlar barada gürrüň berdi. Ahyrsoňunda-da gyjagyň iň ýogyn taryna süýkände çykýan ýogyn hem zaryn owazyna meňzeş sesi bilen:

– Gaýgy etme, han ogul, günüňi görersiň. Men kömek etsemem görersiň, etmesemem görersiň. Sebäbi seniň kökün berk. Özüňem ýaş. Ýöne, men saňa barybir kömek ederin. Işem tapyp bererin. Ulalyp ýigit çykarsyň welin öýlendirerinem. Nesilem ýaýradarsyň. Ýöne, ikimize-de, asla bu ýere gelenleriň hemmesine-de bir zat ýetmez. O-da Watan. Biz bu göç-hä-göçli wagtlaýynça bir zatdyr, apyla-sapyla sowulýança çete çekilmedir, hä diýmän bar zat üýtgär, ýene gaýdyp geleris, öz ýurdumyza eýe bolarys öýtdük, emma ýalňyşypdyrys. Biz utulypdyrys. Özümiz almasak hiç kimiň gelip kesekiniň elinden ýurdumyzy alyp bermejekdigine düşünmändiris... Indi munuň aňyrsy görnenok. Biz indi tä, ölýänçäk watanyň zaryny çekip geçmeli bolduk. Sen ýöne gaýrat et-de, hakydaňy ýadyňdan çykarma. — Sesi birhiliräk diýäýmeseň Ahmet aglawlynyň gep-gürrüňlerem, özüni alyp baryşam, çagalaryna berýän edep terbiýesem Oglanhakyda ýarady. Esasanam ol onuň hupbulwatanlygyny gowy gördi. Ýolda şehit bolan hossarlaryna ýeke-ýeke aýat okadyp Kuran çykardansoň-a ony özüne hasam golaý saýdy. Şonuň üçinem, ol näme buýursa şony edip geziberdi. Mallara otam ýygdy, gumdan odunam getirdi. Gerek bolsa goýnam bakdy, düýe-de çekdi. Bugdaý ekip, oragam ordy. Gijelerine bolsa gara öýüň ortarasyndaky gübürdäp duran gyzyl oduň başynda oturyp öý eýesi bilen edil uly adam ýaly gala-gala gürrüňler etdi. Bilmeýän zatlaryny sorady. Hakydasyny baýlaşdyrdy. Ahmet aglawlam ony hiç haçan oglan saýmady, çagalaryndan saýry tutmady. Oňa ýeke bir dostunyň ýetim galan çagasy hökmünde däl-de, uly iliň hakydasy, taryhy hazynasy medeni baýlygy hökmünde gorady.

Kim bilýär kelesine nä hyňal geldi, ýyl ýarym gowrak wagt geçenden soň Ahmet aglawly birdenkä barja mallaryny, hatda öýünem satdy-da, söwda baş goşmak üçin Hyrada göçermen boldy. Elbetde, ol Oglanhakydanam öz ýany bilen alyp gitdi. Bile işleşdi. Söwda etdirdi. Ýetdik hakyny berdi, egin-eşik, aýakgap äberdi.

Hyratda Oglanhakydanyň gözüne ilen ilkinji hem esasy zat – baý bilen garyby sellesinden tanap bolýan ekenligi. Baýlaryňk-a ýüpekden garyplaryňky bolsa bizden.

Şeýle hem Owganystan boýunça nahara biş-düşe ökde gelin-gyzlaram Hyratda ekeni. Munuň şeýledigine Oglanhakydanyň özem göz ýetirdi. Gelinler ärlerine hyzmat etmegi, her dürli naharlar bilen göwünlerini awlamagy, myhman gelse hyzmat etmekligi öz aşpezlik hünärleri bilen olary geň galdyrmaklygy gowy görýärler. Öý agzalaryna ertirlik naharyny berdikleri, haýal etmän günortanlyk naharyna başlaýarlar. Özlerem şuny uly höwes bilen edýärler. Umuman alanyňda-ha Hyradyň ýeke bir aýal-gyzlary däl, asyl, hemmesem biş-düşe ökde. Ahmet aglawlynyň ýanyna gelýänlerden we Oglanhakydanyň özüniň onda-munda eşidýän gürrüňlerine görä, Owganystanyň iň owadan gyzlary Gandahardamyşyn. Sebäbi

daglyk bolansoň ol ýeriniň howasy mymyk suwy tereňmişin. Şo-da oaryň görkmen bolmaklaryna täsir edýärmişin. Özlerem öýdeçimişler, bazara, köçä çykmaýarmyşlar.

Has myhmansöýer hökmünde bolsa adamlar Owganystanyň demirgazygynda ýerleşen Bagu welaýatyny, husussan-da, Şybyrgan, Andhoý şäherlerini agzaýarlar.

Ýöne, birgiden bazarly, giň-giň mähelleli uly şäherdigine garamazdan, giň ýerde, çöl şertlerinde ösen Oglanhakydanyň gözüne Hyrat diýseň dar hem ýürekgysgynç göründi. Şonuň üçinem Ahmet aglawlynyň işiniň gaty bir şow alyp barmazlygy, onuň häli-şindi yzyna dolanmak barada gep gozgamagy, üstesine aýalydyr, çagalarynyňam ýerlemän häli-şindi yzlaryny küýsäp uludan demlerini almaklary oňa kemem ýaramady.

Bir günem Hyrada Ahmet aglawlynyň edil obadaşy bolmasa-da, goňşy etraplarynyň birinde ýaşaýan dosty geldi. Onuň ady Seýit baý ekeni. Ol hem çarwaçylyk, hem daýhançylyk bilen meşgullanýan ýetişikli telekeçi bolup, o zatlaryň üstesineüç-dört sany dükanam bar ekeni. Şol gezegem Hyrada ýüň, eýlenen deri, haly ýaly önümler getiripdir-de, şolary satyp gazananja puluna-da dükanlary üçin mata, nogul-nabat, gap-çanak, çaý, nohutly kişmiş diýen ýaly hojalykda gündelik gerek bolup duran zatlardan satyn alypdyr. Ähli işini boldum edenden soňam derçiräp çaý içip oturan Ahmet dostunyň çat maňlaýyna geçdi-de, geleli bäri her gije aýda-aýda bizar-peteňini çykaran gürrüňini ýene bir gezek, ýöne, jemleýji görnüşde gaýtalady.

– Alla her kimiň rysgyny bir zatdan berýändir, Ahmet. Onuň bermedik zadyny zor bilen alyp bolmaz. Senem bir gezek ýalňyşdyň besdir! Özüňem, çagalaryňam horlap ýörme. Giň sähra çyk, özüňkileriň arasyna bar. – Ol bir burçda mugruljyraşyp oturan Oglanhakyda tarap baş atdy. – Bu oglan bolsa olara hakyda aýdyp berer. Goý, hak söz ýerde ýatmasyn. Aýaga galýançaň kömek etmek bolsa meniň bilen...

Ony ýerli-ýerden Ahmet aglawlynyň mahal-mahal yzlaryny ýatlap gözlerine ýaş aýlap ýören çagalaram goldadylar. Aýaly bolsa ärine Seýit baý bilen deňine ýalbardy. Şeýdibem alyp ýatdylar. Gije ýarymdan agyberende Ahmet aglawly göçmäge razy boldy.

Hemmeler ýeňillik bilen dem aldylar. Oglanhakydanyň bolsa arkasyndan ýük aýrylan ýaly boldy. Eginleri terezilenip, gerdenleri ýazyldy. Ýeňsedamarlary ýumşady. Edil kapasadan çykan guş ýaly ganatlary giňden ýazyldy.

Seýit baý ýeke bir görnükli söwdagär bolman, eýsem öz etraplarynda gürrüňi diňlenýän, sözi ýöreýän sylagly adam ekeni. Ol oba kethudalary bilen maslahatlaşyp Ahmet aglawla mal-mülk, eker-diker ýaly iş gurallaryny, şeýle hem tohumlyk kdäne berdi. Jaý salmaga kömek etdi.

Şeýdip Oglanhakydanyň durmuşynda ýene-de öň endik edilen işler başlandy. Seýit baýyň aýdyşy ýaly Ahmet aglawlynyň bu işi rowaç boldy. Ol ýylyň-ýylyna gowy hasyl alyp basym aýak üstüne galdy. Öňki kaddyna ýetdi. Seýit baý bilen hasaplaşdy. Oglanlaryny öýerdi, gyzyny çykardy. Oglanhakyda hem owgan türkmenleriniň içidnen islän gyzyny alyp berjekdigini aýtdy.

Onuň öz sözünde tapyljakdygyna Oglanhakyda aňry ýany bilen ynanýar. Ýöne, haýsy ýere barsa-da, näme kär etse-de, ýyllar geçip ýigit çyksa-da, ol Watanyny, önüp-ösen ýerlerini, hususan hem “Hakguýuny”, onuň degrelerindäki ygyp ýatan ürgün çägeleri, gijelerine ýüzünde her biri penje deý ak ýyldyzlar petreşip duran, gara mahmal kibi ýumşak, gündizine göwsünde ak bulutlar gaýyşyp ýören göm-gök, beýik asmany unudyp bilmedi.

Dogry ol zatlar bu ýerde-de bar. Çäge-de, asmanam, ýyldyzdyr ak bulutlaram bar. Ýöne Oglanhakydanyň diýýäni däl. “Hakguýunyňky” däl. Onsoňam ol ýerde ýeke bir asman däl, tanyş-bilişlerdenem kowum-hyşlardanam dürli sebäplere görä göçmän galany bar ahyry.

Galyberse-de, bosgun bolup gelýärkäler, ýoldaky söweşlerde şehit bolan ildeşleriniň “Bar, sen git, başyňy gutar, sebäbi seň başyňda halkyň hakydasy bar, bize görä sen ile-de, ýurda-da has gerekliräksiň”, diýip, özüni ýnar oduň içi bilen ýat ýurda ugradyp, özleri şol ýerde jan teslim eden mähremleriniň tä, iň soňky demlerine çenli söweşen merdana ýigitleriň, il-halkyň ykbaly humara goýlan güni ýigitler bilen bir hatarda är deýin mert durup, ýar deregine gara ýeri guçan görmegeý gyzlaryň, ellerindäki akja bäbeklerini ganym okuna aldyran, ak çägäniň üstünde janhowluna jan beren, gara gaş gelinleriň iň soňky sargytlaryny ol hiç haçan unudyp bilmez.

Howwa, ol il-günüň içine barmaly. Halka hakyda aýdyp bermeli. Dogry, bu ýerde-de halk bar, ýöne, birinjiden-ä o ýerdäkilerden azlyk, ikinjidenem bular eýýäm eşitdiler, üçünjiden bolsa bu ýerdäki halkyň üstüne hakydasynyň ýitip gitmek howpy abananok, hokgabaz tarapyndan halkyň aňy oýnalanok, ol ýerde bolsa täze hökümet halkyň aňyna howp salýar. Oglanhakyda gaýdyp barmasa, olar bar zady tersine öwürerler. Enehakydanyň jibrinipler aýdyşy ýaly, täze gurlan, üsti elwan baýdakly ak mekdeplerde türkmen çagalaryny düýbünden başgaça okadarlar, başgaça terbiýelärler. Bar zat unudylar. Asyl o zatlar eýýämden şeýle bolubam ýörmüşin.

Watanyň zaryny çekňänler welin owgan topragynda ýeke bir Oglanhakyda däl. Çünki, gädikden geçen gijeleri daňdanaralar kimdir biriniň aýdyşy ýaly, bosgunlaryň köpüsi gyzyllardan mal-garalaryny gysganyp däl-de, öz-özlerinden howsala düşüp, “şow-şowa” çapyp gaýdypdylar. Şol güne düşen adamlar indi oturan-turan ýerlerinde:

– Kemine şahyryň: “baýlar-a bähbidin arar, pukara hupbulwatan” diýeni çyn ekeniow. Her niçik hem bolsa ýurdumyzy terk etmeli däl ekenik. Şeýtmedik bolsak, ýolda-da müňlerçe adamymyz gyrylmazdy, bizem bu güne düşmezdik. Barybir durmuşymyzda üýtgän zad-a bolmady. O ýerde-de şu garyplygymyzdy, bu ýerdede şol garyplygymyz. Gaýtam, munda onça-da ýok.  Hälem bolsa, serhet doly ýapylmanka çemini tapyp yzymyza gitmegimiz gerek – diýip, zeýrenişýärler.

Şol zeýrençler, şol küýsegler, isleg-arzuwlar ahyry öz netijesini berdi. Müň dokuz ýüz otuz ýedinji ýylyň ýaz aýlary, bäş ýylyň aýralygyndan soň, ýaňy bir on ýedi ýaşyny dolduryp on sekizine gadam basan  Oglanhakyda özi ýaly hupbulwatanlaryň birnäçesi bilen yzyna dolandy.

## 24. Hakydanyň gaýdyp gelmegi

Ýöne, ony ýene-de Watanyň ýyly ýumşak mähri däl-de, sowet hökümediniň daşy gyrawlap duran çalymtyl ýowuz düzgüni garşy aldy. Çünki, ol wagt il-günüň içinde galan iki-ýeke mertleriň iň soňkularynam saýlap-saýlap zyndanlara dykmak, atmak, uzak hem sowuk Sibire sürgün etmek syýasaty iň soňky derejesine ýetipdi. Her kim agşam ýatandan ertir sag-aman “öýünden örjegine doly ynanmaýardy. Sebäbi GPU-nyň gaýyş kurtkaly, ýanbaşlary naganly işgärleri gijelerine aýlanýardylar we özlerine berlen sanawdaky adamlary tussag edýärdiler. Sebäpmi? Sebäp ýok. Ol hökmanam däl. Ras, sanawa düşdüňmi, gidibermeli. Ýöňkelýän islendik günä gol çekäýmeli. Çekmeseň zor bilen çekdierler. Mahlasy, Kremlde oturan ýerinde Stalin özüniň, üweýji elhenç maşyny bilen öz halkynyň iň gowy ogul-gyzlaryny mäjumlaýardy. Ol maşynyň çarhyna ilmän galýanlar örän az. Şol çarha bir wagtlar Ruhy batyryň welilik bilen aýdyşy ýaly Türkmenistan döwletiniň ilkinji ýolbaşçylary bolan adamlaram ildiler.

Şol çarhyň ýalmawuz ýaly ýiti dişleri Eýranyň üsti bilen aýlanyp gelip öz Watanyna geçen Oglanhakydadanam sowa geçmedi. Dogrusy, ol Watana dolanandygy üçin öwgülener, söýler öýdüpdi, emma ony serhetden geçen ýerinde tussag etdiler we sowet hökümediniň duşmany, ähli baýlygy bilen Owganystana gaçan admyň ogly, birnäçe ýyl daşary ýurtda ýaşap, ine indem hökümede garşy göreşmek üçin ýörite tabşyryk  bilen iberilen we taýýarlykly gelen, “Türkmen azatlygy” diýen haýsydyr bir gizlin guramanyň agentti hökmünde ýigrimi bäş ýyl möhlet bilen iş kesip Sibire sürgün etdiler.

“Ölmedige ömür köp” diýleni . kynam bolsa aňsadam bolsa aý-gün geçip dur. Diýseň hupbatlydygyna garamazdan Oglanhakydanyň ýigrimi bäş ýylam geçdi. Şol ýerde bolan ýyllarynyň içinde ol dürli milletleriň wekilleri bilen tanyşdy. Lagerdäki bendileriň aglaba köpüsiniň Orsyýediň hut öz adamlarydygy, olaryňam

hut öz hökümetleriniň garşysyna göreşendikleri, özlerine-de ähli halklarada azatlyk, erkinlik, bagt isländikleri üçin şol ýere düşendikleri ony diýseň geň galdyrdy. Olar bilen dostlaşdy. Ysnyşdy. Ysnyşdygysaýam olaryň maksatlaryna has magat düşündi. Olaryň matlaplaryny öz göwün-isleglerine barabar bildi. Bolşuna görä dil öwrendi. Gijeden-gije olara türkmen hakydasyny aýdyp berdi. Oguz handan, seljuk soltanlaryndan başlap tä, Ýeroýlanduz nalasyna çenli barysyny diýseň ussatlyk bilen jikme-jik beýan etdi. Şolar ýaly gürrüňçilikden soň ol uludan demini alardy-da:

– Has irki wakalary men enem-atamdan eşitdim. Olaram ony öz ata-babalaryndan eşidipdirler. “Ýeroýlanduz” wakasyny welin öz gözüm bilen gördüm. Gatnaşdym. Içinde boldum. Atamyň, enemiň, uýamyň jesedini şol ýerde taşlap daşary ýurda gaçdym. Soň biziň bilen bile Owganystana gaçyp baran adamlaryň köpüsiniň telim ýola, ýanyp-bişip gaýtalaýyşlary ýaly, belki biz hakykatdan-da ýalňyşandyrys, ýöne, oýunda utulanyny boýnuna alyp, ýurdundan bosup barýan agyr bir göçi çaga diýmän, aýal-gyz, garry-gurty diýmän hem ýerden, hem asmandan keýp edip gyrmaga şol adamlaryň nädip ynsaplary çatdyka? Şolar ýaly gyrgynçylykly hereketlerinden soňam şol hökümet nädip özüni dünýä mazlumlarynyň hossary hökmünde tanadyp, ýer ýüzüniň tas ähli döwletlerine diýen ýaly öz syýasatyny ykrar etdirip bildikä? Şol göçi gepsiz-gürrüňsiz geçirip goýberäýeninde-de hökümediň ýitirýän zady-ha ýokdy. Galyberse-de, şolaryň köpüsi öz ýalňyşlyklaryna düşünip yzlaryna gaýdyp geljeklerem eken-ä... Ine, biz gaýdyp geldigem-dä... Ýöne, öň-ä: gidip barýaňyz, diýip gyrdylar soňam: geldiňiz, diýip, şu ýere sürgün etdiler. Men ine, şuňa düşünip bilemok – diýerdi.

Şonda onuň mahorka tütedişip oturan diňleýjileri ýerli-ýerden gobsunyşardylar-da, kinaýaly ýylgyryşyp şeý diýerdiler:

– Ol hökümede sen gerek däl, seniň baýlygyň gerek. Gidişin ol sizi eliňizdäki baýlygyňyzy malyňyzy almak üçin gyrdy. Boş barýan bolsaňyz, onda olaryň size beýle ýowuz daramazlyklaram ahmaldy. Iki eliňizem burnuňyza sokup bop-boşja gaýdyp geleniňizden soň bolsa siziň asla olara geregiňiz ýok. Ol wagt siz olara agyr ýük. Üstesine öz garşylaryna wayz-nesihat ýörediler gorkusam az däl. Bu ýerde bolsa sen olara agaç çapyp berýäň, gyzyl köwläp berýäň...

– Egerde baýlar özleriniň ähli baýlyklary, maly bilen gaýdyp gelen bolsalar hökümet olary kabul edermedi – diýip, indi orta ýaşlaryndanam agan Oglanhakyda şolar ýalyda sorag berýärdi.

– Elbetde – diýip, söhbetdeşleri oňa jogap berýärdiler – kabul ederdiler, ýöne, oba şurasynyň jaýyna çenli. Şol ýerde barja baýlyklaryny ellerinden alardylar-da, olaram ine, edil şu ikimiziň oturan ýerimize sürgün ederdiler. Ýöne, sowet hökümedi uzak ýaşamaz. Sebäbi, ol ýeke bir siziň ýurduňyzda däl, soýuzyň

düzümine girýän ähli döwletlerde-de gaty kän gandöküşiklik etdi, birtopar bigünä adamlaryň ömür tanapyny ýoldy. Şol adamlaryň ahy-nlalary ýerde ýatmaz. Staliniň ölen güni bolşewikleriň häkimligi tamam bolar...

Oglanhakyda sürgünde bolan wagty Germaniýanyň SSSR-e çozandygy, Gitleriň ähli sowet respublikalaryna azatlyk äbermek, ýer ýüzüni bolşewizm belasyndan halas etmek üçin şeýdendigi barada hem eşitdi. Onuň bu albaýyna ynanyp, Mustapa çokaý, Weli Kaýumhan ýaly asly türki halklardan bolan dogumly ýigitleriň birentegi üýşüp, Gitler bilen maslahatlaşanmyşlar we onuň bu asylly maslahadynyň amala aşmagyna ýardamçy bolmak üçin “Azat Türküstan” atly gurama döredenmişler. Olar sowet ýesirleriniň saklanýan lagerlerine ýeke-ýeke aýlanyp, türki asylly ýigitleriň arasynda “Azat Türküstan” guramasyna girmeklerini ündäp, wagyz-nesihat işlerini geçirýärlermişin. Olaryň razy bolanlaryny ýygnap, “Türkistan legiony” atly harby toparlanşyk döredýärmişin, ýaraglandyrýarmyşyn, harby okuw tälimlerini geçip, sowetlere garşy söweşe taýýarlaýarlarmyşyn. Olar hatda Awstriýanyň Wena şäherine ýygnanyşyp “Azat Türküstan” guramasynyň birinji gurultaýyny hem geçiripdirler, öz aralarynda guramanyň ýolbaşçylaryny saýlapdyrlar we SSSR-e garşy uruş yglan edipdiler.

Guramanyň nyşanynda Gur Emiriň suraty barmyşyn, legionerler ony öz harby eşikleriniň ýeňine tikdirip geýýärlermişin. Nyşanyň aşagynda bolsa: “Alla biziň bilendir” diýlip ýazylanmyşyn.

Göräýmäne bu edil, Ruhy batyrdyr, Enehakydanyň ömürboýy arzuw edip giden göreşlerine meňzäp dur. Ýöne ol däl. Bu ýerde Gitleriňem bir wagtlar iňlisleriň türkmenlere hossarlyk etjek boluşlary ýaly hilegärlik edýändgi görnüp dur. Moskwanyň agalygyndan alyp çykyşy ýaly türkmenleriň mekgesine onuň hut özi müner. Halkyň-a ezer, ýurduňda-da hojaýynlyk satar. Şonuň üçin Oglanhakyda öz ýanyndan: “Aý, ýok, ol hem meniň ata-enelerimiň arzuw edip geçen göreşi däl” diýip, öz ýanyndan dogry netije çykardy.

...1953-nji ýylyň 5-nji mart güni Stalin öldi. Muňa syýasy bendiler örän begendiler. Bu gün-erte erkinlige çykarys diýip, tama etdiler. Oglanhakyda hem şol umytda boldy. Emma olaryň arzuwlary hasyl bolmady. Staliniň ölmi bilenem bolşewikler partiýasy tagtyndan taýmady. Halklar öz haklaryna, Hakydalaryna eýe bolup bilmediler. Netijede, halkyň başyndan inen musalladyň bir adam däl-de, şol adamyň dördip giden sistemadygy belli boldy.

Stalin ölenden birnäçe ýyl soň ýurt başyna geçen Hruşewiň döreden maýylganlygam diňe Staliniň şahsyýet kultuny paş etdi, käbir adamlary aklap bendilikden boşatdy, ýogalanlary nähak basylan diýip yglan etdi diýäýmeseň, uly

möçberde alanyňda hiç hili özgerişlik bolmady. Öz – özlerini magtap aýdyşlary ýaly ähli “ýeňişleriň” öňdebaryjysy we ruhlandyryjysy bolan kompartiýa öz ýolundan dänmedi. Respublikalaryň özbaşdaklyklaryny gaýdyp bermedi. Mekdeplerde halklaryň hakydasy hakykatçyl öwredilmedi.

Bendelikde oturanlaryň kömegi bilen, özüniň aklanmagyny haýyş edip ýokarylardan-ýokarylara yzly-yzyna arza ýazandygyna garamazdan, köpçülikleýin aklanyşlara näme üçindir Oglanhakyda düşmedi. Ýöne, oturmaly wagtynyň tamamlanmagyna az wagtyň galandygy sebäpli ol özüniň aklanmagyna gaty bir ilgezek ýapyşybam durmady. “Ömrümiň iň gözel çaglary hökümediň zyndanynda geçdi. Çykmaly wagtym bolsa golaýlady. Indi maňa hiç kimiň, hiç hili aklyk haty gerek däl. Halkymyň, ýurdumyň öňünde günäsizdigimi bolsa özüm gowy bilýän, men ony hiç kimden sorap bilmeli däl”, diýdi-de, erkinlige çykjak gününe çenli hiç bir hereketsiz garaşdy.

## 25. Ýigrimi bäş ýyldan soň

Şeýdibem, müň dokuz ýüz altmyş ikinji ýylyň ýaz aýy, özüne on sekiz ýaşly ýigdekçekä ýerlen ýigrimi bäş ýylyň iň soňky gününe çenli oturyp, kyrk üç ýaşynyň içinde azatlyga çykdy. Ençeme ýollardan aşyp Türkmenistana dolanyp geldi. Baryp gapysyny çekere, belli bir dogan-garyndaşy bolmasa-da, ata-babasynyň gany tartyp öňi bilen Gökdepä bardy. Soň assa-ýuwaş tutuş Ahal iline, türkmen ýurduna aýlanyp çykdy. Meşhur Guşly batyryň agtygy, halk hakydasy hökmünde ony baran ýerinde gowy garşy aldylar, hezzet-hormat etdiler.

Nirä barsa-da, ony öňkülere düýbünden meňzemeýän, diýseň parahat hem asuda durmuş garşy aldy. Edil, agyr düýşden oýanan ýaly. Uruş-gowga, tutha-tutluk ýok, her kim öz maýdalyna arassa zähmet bilen gümra. Öňki başly-barat oturan obalaryň ornuny indi hemme ýerde göni köçeli, elektrik çyraly, hemmesi bir biçüwde gurlan, üsti şiferli ak jaýlardan ybarat posýoloklar eýeläpdir. Käbir etraplarda täze sowhozlar açylypdyr. Ýöne, pajygaly Gökdepe wakasy, Ýeroýlanduz, Gazawat hadysalary, otuzynjy ýyllaryň tutha-tutlugy welin bütinleý unudylypdyr. Iki-ýeke bilýänlerem ýa-ha bilýändiklerini aýtmaga çekinýärler, ýa-da o zatlara düýbünden başgaça düşünýärler. Olaryň aýdyşlaryna görä asyl-ha Türkmenistan bilen Orsyýediň arasynda uruş bolmanmyşyn. Türkmenler Orsyýede meýletin birigenmişin. Ilki general Lomokiniň, soň Skobelewiň ýolbaşçylygynda Ahala gelen goşunam uruş üçin däl-de doslukly maksatlar, ýagşy niýetler bilen gelen, has dogrusy geçip barýan ekspedisiýa ekeni. Dogry, çalak-çulak kakuş-kukuşlar bolanmyşyn, ýöne oňa-da türkmenleriň özleri günäkärmişin. Ors hökümedi ýöne, hälki bir ýurtda tertip-düzgüni ýola goýmak, alamançylygyň,

galtamançylykdyr-garakçylygyň soňuna çykmak üçin käbir çäreleri geçirmäge mejbur bolanmyşyn. Gazawat gyrgynçylygam uruş däl-de, şol ýerde oturan ýomutlara, gökleňlere kontribusiýa tölemekden boýun gaçyrandyklary üçin ak patyşanyň Golowaçow ýaly goşun ýolbaşçylarynyň eli bilen ýerli halka beren ýerlikli sapagymyşyn. "Ýeroýlanduz" wakasy bolsa, halkyň baýlygyny daşary ýurda geçirmäge synanyşan, birtopar han-beglerden we baýlardan ybarat bir bölek bandany aklyna aýlandyrmak, aldanyp ýanlary bilen barýan bir topar sada adamlary ellerinden alyp galmak üçin edilen zeruryýetçilik bolanmyşyn. O zatlaryň aňyrsynda ýer ýüzüniň ähli proletariatlarynyň hossary bolan Leniniň ynsanperwerçilikli syýasaty ýatanmyşyn. Otuz ýedinji ýylyň tutha-tutlugy bolmadyk bolsa dagy asla sowet hökümedini saklabam boljak däl ekeni. "Ýiti gözli Ýežow" şonda h ut ýoldaş Staliniň öz buýrugy bilen tutuş Sowet Soýuzyny ýat elementlerden arassalan ekeni. Ýöne, Stalin Ýežow edil beýdäýerem öýtmändir, soň bilensoň-a onuň özünem gelmeze gönderipdir welin, arman giç bolupdyr-da...

Howwa, hemmeler şeý diýýärler,çünki, olara şeý diýiň diýip öwredipdirler, şeýdip okadypdyrlar. Hakydalaryna şeý diýip ýazypdyrlar.

O zatlar hiç diýseň ondan aňyrky Hakydalaryňam üsti gömlüpdir. Halk hatda Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Salyr Gazanyň, seljuklaryň, Horezmiň iň soňky şasy Jellaleddiniň kimdiginem bilenog-a! Eý, Huda-aý! Bäş müň ýyllyk taryhy Oglanhakydanyň aňynda aýnada dek görnüp duran halkyň özi eline dutar alyp: "Ýigrimi dörtdüp doglan ýyly türkmeniň", diýip, aýdyma zowladyp otyr. "Ýigrimi dört" diýýänim 1924-nji ýyl. Türkmenistan Sowet Sossialistik Respublikasynyň döredilen ýyly. Ýeri, bäş müň ýyl nire ýigirmi dörtden bäri geçen otuz sekiz ýyl nire?

Hatda mekdep okuwçylaryny gepletseňem Oktýabr rewolýusiýasyndan öň türkmen halkynyň iň bir yzagalak, bisowat, nadan, biri-birini gyryp ýören oňşuksyz tire-taýpalardan ybarat döwletsiz halk bolandygy, egerde, Orsyýet ýaly uly döwlet özüniň doganlyk goluny uzatmadyk bolsa, türkmenleriň millet hökmünde ýer ýüzünden ýitip, ýok bolup gidäýmeginiňem ahmal ekendigi barada öýkenlerini gabardyşyp, joşgun bilen gürrüň berýärler.

O zatlaryň düýbünden başgaçadygyny welin olara düşündirip bilýän ýok. Asla düşündirjek bolýanam ýok, düşündirere adamam ýok. Oglanhakydanyň çak edişine görä, otuzynjy ýyllarda ýok edilenlerem hut şol zatlara düşünýän, halka-da düşündiribiläýjek adamlar bolmaly. Bularyň welin barysynyň milli duýgularyny öldüripdirler. Şonuň üçinem, olar indi öz gadymy ýurtlary, ata-babalary, olaryň başlaryndan geçiren gahrymançylyklary, guran döwletleri, döreden imperiýalary barada däl-de, Gyzyl meýdan, Kremliň çür başyndaky gyzyl ýyldyz, beýik rus halky, beýik rus dili barada aýdymlar aýdýarlar. Rewolýusiýanyň demir donly

serkerdelerine guwanýarlar, öz hakydalaryna derek gadymy slawýan, ors taryhyny öwrenýärler. Egerde, Sibire gitmän şu ýerde galyp, şularyň okan mekdebinde bilim alan bolsady, onda, Oglanhakyda hem bir wagtlar Enehakydanyň aýdyşy ýaly şolaryň öwrenen zatlaryny öwrenmeli bolardy. Hakydany ýatdan çykarmaýanda-da, gara, bulaşdyraýmagy ahmaldy. Diýmek, Sibirdäki dostlarynyň biriniň öwran-öwran gaýtalaýşy ýaly, "net hudo bez dobra". Onuň şonça ýyl çeken jebri biderek geçmändir. Halk üçin taryh üçin, hakyda üçin bähbit bolupdyr.

Oglanhakydany geň galdyran ýene bir zat, o-da: gylyç-galkan hakda-ha gürrüňem ýok welin, türkmenleriň barysynyň uçdantutma atsyz galandyklary. Asla, olara öz hojalyklarynda at saklamak gadagan. Nämemişin, türkmenler öz hojalyklarynda at saklamaklygy başarmaýarlarmyşyn. Olaryň türkmen atlarynyň tohumlaryny zaýalamaklary, mümkinmişin.

Özem Ogalanhakydanyň eşidişine görä, muny aýdýan adam başga hiç kim däl-de, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň tohum mallar bölüminiň müdiri bolup işleýän Dadaýan atly bir ermenimişin. Gör-ä muny: türkmen atlaryny asyrlarboýy sünnäläp bakyp-bejerip kemala getiren türkmenler-ä bu gün at saklamany başarmaýarlarmyşyn, türkmen atlaryny iňlis atlary bilen garyşdyryp ýören Dadyýan bolsa başarýarmyşyn. Ýok, türkmen gaty bir zerurlyk ýüze çykmasa gylyçsyz oňup biler, ýöne, atsyz welin oňup bilmez. Dogry, häzirkisi ýaly zor bilen oňdurylsa oňaram, ýöne, ýüreginde dag galar.

Howwa, Ogalnhakyda üçin bu zatlar diýseň geň bolup göründi. Çünki, o zatlaryň hakykat ýüzünde nähili bolmalydygyny ol birinden sorap bilmeli däl.

Bar zat oňa edil aýasynda ýaly aýan görnüp dur. Ýöne aýtmak bolanok. Aýtdygyň gelen ýeriňe gidibermeli. Oglanhakydanyň muňa-da akly çatman duranok. Şonuň üçinem dymýar.

Ýöne, ol niçezar dymsyn? Niçezar aýtman oňsun? Hakydany bolşy ýaly gelejekki nesillere ýetirmekligi ol öz ata-enesiniň öňünde söz berdi ahyry.

Şonuň üçinem, ol uzak dymyp bilmez. Daşyndan aýdybilmese içinden, iň bolmanda gurruk guýunyň içine gygyryp aýdar welin, aýdar. Hakykat ýerde ýatmaz. Kim ýatyrsa-da ony Ogalnhakyda ýatyrmaz. Çünki, ol onuň galanja ömrüniň manysy. Gerek blsa ol ýene-de bir gezek ýigrimi bäş ýyl oturyp geler welin, maksadyndan dänmez. Iň bolmanda bir adama, üç adama, bäş adama aýdar welin, aýdar. Hakydasyny bütinleý unudan halkyň arasynda ýaşap welin bilmez. Şonuň üçinem, ol özüni birwagtlar halk üçin hakyda mekdebi bolup hyzmat eden Hakguýa atmaklygy makul bildi. Ondan-mundan haýyş edip şol ýere işe geçdi. Şol guýa degişli kolhozyň "izolýatordaky" goýunlaryna seredip bermekligi boýnuna aldy.

Hakguýy indi giden bir uly oba. Onda-da “dwijok” arkaly belli-belli sagatlarda işleýär diýäýmeseň elekrtikleşdirilen oba. Hatda diňe başlangyç synplary bolan kiçiräk mekdep, şol mekdebiň iň çetkije, çaklaňja jaýyny eýeläp oturan medpunktjagazam, dükanjagazam bar. Suwam indi guýudan öňki ýaly gowa bilen däl-de, elektrik nasoslary arkaly çykarylýar. Ony obalar, etrap merkezleri bilen birleşdirýän gumak, ulgam-ulgam çägeleriň üsti bilen kä beýige, kä pese inip, alyslardan – alyslara uzap gidýän ýollar bir ýa iki däl. Şol ýollardan aşyp, käte bu ýere üsti “dwižokly” maşyn bilen dürli-dürli wakalary beýan edýän kinojagazam getirýärler. Şonda mekdepde ors dilini okadýan horja, jüýkburun, tar-tar seýrek murtlary ýokarky dodagynyň üstünden sallanyşyp duran saryýagyz ýigdekçäniň güni gelýär. Çünki, gelýän kinolaryň köpüsi orsça. Şol gün kino başlamazdan öň ony isledigiçe iýdirip içirýärler. Hatda gumly çopanlaryň biriniň gyzyna öýlendirip öz ýanlarynda müdimilik alyp galmak barada gürrüň gozgaýanlaram tapylýar. Şol gije ol ýigit ekranyň çep tarapynda goýlan ullakan, gara reproduktoryň gapdalynda durup kinony başdanaýak diýen ýaly tomaşaçylara terjime edip berýär. Kinonyň tamamlanyp her kimiň öýli-öýüne dagamagy bilenem onuň sylag-hormaty kemeläýenok. Telim günläp ondan şol günki kinonyň mazmuny, gahrymanlaryň haýsynyň kime näme diýendigi baradaky sorag bilen ýanyna gelýänleriň yzy üzülenok. Çünki, kino gidip duran wagty ony saklap düşünmedik zadyňy sorap bolanok.

Dogry, şonça ýyl Sibirde bolup gelendigi sebäpli orsçany Oglanhakyda hem şol oglandan kem bilenok. Ýöne, onuň ol kinolarda görkezilýän wakalaryň beýan edilişine syny oturanok. Mazmuny maňzyna batanok. Ony hususan-da basmaçylar baradaky kinolar kejikdirýär. Jüneýit han, Eziz han ýaly öz ýurdy, il-halky üçin ata çykan, janyny orta goýan merdana adamlaryň, olaryň yzyna düşen gerçek ýigitleriniň “basmaçy” diýlip atlandyrylyşyny, duşman hökmünde görkezilişini ýüregine sygdyryp bilenok. Şolar ýalyda onuň entek kino gutarmanka synyny silkip turup gidýän wagtlaram az bolanok.

Şonuň üçinem, Oglanhakyda gije-gündiz nädende halka hakydany hakyky görnüşinde ýetirip boljakdygy barada pikir edýär. Oýlana-oýlana ol ahyry çykalga tapdy: Ýazmaly! Ras, aýdyp bolanokmy, ýazmaly! Ýazyp goýmaly! Bar zady bolşy ýaly kagyz ýüzüne geçirmeli. Çünki, baky zat ýok. Sibirde bile oturan dostlarynyň aýdyşlary ýaly ahyr bir gün sowet hökümediniňem soňy geler. Bu gün gelmese ertir, ertir bolmasa birigün geler. Ana, şol gün halk Hakykaty bilmeli.

Şeýdip ol hakyda kitabyny ýazmaga girişdi.

Iş başlandy. Her gün agşam gündizki hysyrdylardan soň ol çaý-çöregini iýýär-de, iş başyna geçýär. Hakyda ýazýar. Türkmen taryhynyň başdan-aýak, ýekeje

sahypasynam sypdyrmazlyga jan edýär, beýnisine agram salýar, käte uçursyz ýadaýar, ýöne, ýazmasyny bes edenok.

Şeýle ýagdaýda üç ýyl geçdi. Oglanhakyda kyrk alty ýaşady. Hakguýuda oturanlar ony äri urşa gidip gelmedik, kyrk üç ýaşlaryndaky Aýnabat atly dul aýala öýlendirdiler.

Önüp-öser diýen umytdan daşda bolsa-da, Oglanhakydanyň bagtyna ol aýal oňa bir ýyldan soň ogul dogrup berdi. Oglanhakyda özüniň garry atasyny ýatlap, onuň adyna Mollahakyda goýdy. Soň bir gyzy boldy, onuň adyna Enehakyda goýdy. Özüne öwredilişi ýaly olara-da hakyda öwretmekligi özüne borç edip goýdy. Aýaly bilen agzybir ýaşady. Ömründe ilkinji gezek öýüň, ojagyň mährini duýdy, taýyn çaý içdi, nahar iýdi. Her gün irden turanda täret suwunyň ýylap duranyny görüp begendi. Hakyda ýazmagyny öňküdenem has uly hyruç bilen dowam etdirdi. Dogry, hökümet şol döwrem köneçilleri, molla-müftini, namaz-täreti gowy görenokdy. Ýöne, edil, otuzynjy ýyllardaky ýaly "güpür-tapyram" edip baranokdy. Garaz, oňuşmazça däldi.

Bir günem Hakguýuda oturan çopan maşgalalarynyň biriniňkä Oglanhakydadan on-onki ýaş ulurak, ak sakgaly döşüni ýapyp duran süňki irimçek, ýüzi-gözi nurana, ýylgyryp gepleýän bir adam geldi.

Guýuda oturanlaryň bir däpleri bar, ýagny, kimiňkä myhman gelse-de, ol hökman söwüş soýup goňşularynyň ählisini öýüne çagyrýar. Myhmany bilen tanyşdyrýar. Ol adam öň gelip-gidip ýören bolaýanlygynda-da düzgün üýtgänok.

Şol gezegem şeýle boldy. Ýaşulynyň düşen öýi mal soýup goňşy-golamlaryny, Ýaşulylary öýüne çagyrdy. Oglanhakydanam çagyrdy. Beýlekileriň öň tanaýandyklary sebäpli öý eýesi ony ýaşuly bilen ýörite tanyşdyrdy.

– Bu ýaşuly meň kakam. Ady Halnepes – diýdi. Soň kakasyna ýüzlendi. – Kaka, bu adama Ogalanhakyda diýýärler, iňňän gürrüňçil adam. Özem taryh ýazýa... Meşhur Ruhy batyryňam agtygy.

Ogly şeý diýenden Halnepes aga:

– Aý, ýog-a?.. – diýip, ýerinden turdy. Oglanhakyda bilen täzeden görüşdi. Gujaklaşdy. Kakasy bilen ýakyn aragatnaşykda bolandygyny aýtdy.

Umuman ýaşulynyň Oglanhkydany turuwbaşdan sulhy aldy. Gowy gördi. Içgin sözleşdi. Ýazýan zatlary bilen gyzyklandy. Oglanhakyda üçin iň gyzykly ýerem Halnepes aga şo-ol dabarasy dag aşan "ýeroýlanduz" wakasyna başdanaýak gatnaşan adam bolup çykdy.

– Be-e... şol waka döwründe düýäň howudyna daňyldy oglan-ow sen – diýip, öňküsindenem has geň ýylgyrdy. – Ýöne, men gädikden geçip bilmedim. Soňky söweşleriň birinde ýeňiliräk ýaradar boldum-da, gyzyl goşuna ýesir düşdüm. Ilki

Guşga soň Mara, ondanam Aşgabada eltdiler. Şol ýerdenem birnäçe baý adamlar bilen birlikde Özbegistanyň Ketdegorgan diýen ýerine sürgün etdiler.

Şondan soňky beren gürrüňlerine görä Halnepes aga Hruşewiň maýylganlygy döwründe Türkmenistana gaýdyp gelipdir. Ol bosgunlrdan kimiň nirede galanyna, haýsy söweşiň haýsy ýerde bolanyna çenli jikme-jik aýdyp otyr. Tutuş maşgalasynyň şol ýerde ýogalandygyny, Ketdegorganda täzeden öýlenip , şu, şýünde oturan oglunyňam şol ýerde doglandygyny, iki gyzynyň bardygyny aýdanda ühli zat aňynda täzeden janlanan ýaly gözlerine ýaş aýlandy.

Tä gijäniň birwagtlaryna çenli bolan wakalary ýätlaşdylar. Ýygnananlaram edil gorkunç erteki diňleýän ýaly seslerini çykarman, ünslerini başga hiç zada sowman, olaryň ýüzlerine jüýjerilişdiler oturdylar. Bular ýaly wakalaryň bolandygyndan bihabardyklaryny aýtdylar.

“Minaraly” diýen ýerdäki söweşde wepat bolan Annaguly hanyň mazarynyň soň gyzyllar tarapyndan tapylandygyny, gazylyp alnyp kellesiniň Aşgabatdaky uly komandirlere eltilip berlendiginem Oglanhakyda şunça ýyldan soň, şol ýaşulydan ilkinji gezek eşitdi. Oglanhakydanyň Ýeroýlanduz wakasy barada hem ýazýandygyny bilip, ýaşuly diýseň begendi.

– Dogry edýäň, ýaz! Goý, nähak gan ýerde ýatmasyn. Bigünä bendeleriň ruhlary “Ýeroýlanduzyň” şepbeşik, şor topragyna garylyp gitmesin. Hakykat bilinmän galmasyn- diýip, agyr göwresine gelişmeýän ýeňillik bilen, oturan ýerinde ellerini galgdyp edil çaga ýaly bökejekledi, “ýyrş-ýyrş” etdi. ─ Dogrusyny aýtsam men şol wakanyň haçanam bolsa bir wagt ile äşgär bolaryndan tamamy üzekirläberipdim. Ýöne, “kasas kyýamata galmaz” diýenleri çyn ekeni. Sen ýazsaň ol ertir kitap bolup çykar. Hökman çykar. Ir çykmasa giç çykar. Şu wagt hökümediň ylmy edaralary il içinden dessanlaryň, nusgaýy şahyrlaryň goşgularynyň asyl nusgalaryny, hatda agzeki görnüşlerini hem ürç edip ýygnaýarlar, çap edýärler, olar barada ylmy işler ýazýarlar. Ýogsam ir döwürler şolaryňam köpüsi gadagandy. Bir gün geler, seňkem gereklener bu wagty gadagançylygyň doňy çözler. Üstüňe gelip alyp giderler. Ile ýaýarlar. Molla hakydanyň, Enehakydanyň, Ruhy batyryň, Umydyň, Arzuwyň çeken zähmetleri ýerine düşer... – Ýaşuly gobsunjyrap ileri omzady-da, Oglanhakydanyň ýüzüne jüýjerildi. – Hiý, şondan soň şol ýere baryp gördüňmi?

– Nirä?

– Ýeroýlanduza.

– Ýok, baryp göremok. Dogrusy barmaga gorkýan. Barsam şol ahy-nalalar ýene-de gulagymda gaýtalanaýjak ýaly bolup dur...

– “Ýaly däl-de, hut şeýle şol! Oýa indigiň şehitleriň, esasanam çagajyklaryň “suw-w, su-uw...” diýip yzlaşýan sesleri gulagyňa gelip ugraýar. Iň elhenç ýerem şol

yzlaşygyň arasyndan tanyş sesler eşidilýär... – Halnepes aga Oglanhakydanyň ýüzüne çiňerildi – Bu gündiz şeýle. Agşam düşýärem welin, çekip-çydap bolmajak ahy-nala , dady-perýat başlanýar. Ana, şol nalalaryň arasynda welin, öz sesiňem eşitmek bolýar. – Ýaşuly birmeýdan böwrüni diňläp oturdy. – Biler bolsaň inim, men mundan on ýyl ozal, bir iş bilen Ketdegorgandan Daşkende gezmäge gelenimde myhman ýerimiň myhmanyndan şol waka bilen baglanyşykly bir gürrüň eşitdim. Ol adam şol gyrgynçylygyň birnäçe gün yz ýany, bir sebäp bilen şol oýuň üstünden barypdyr. Görse, bir çaga heniem emedekläp, daşyny çöp-çalam basan ullakan ýylgynyň arasyna sümüp-çykyp ýör ekeni. Golaýyna baryp siňe seredipdir welin, ýylgyn şahalarynyň arasynda bir ýaş gelniň jesedi ýatyrmyşyn. Göwresiniň ýarysy daşarda bolansoň, ýaşyl ketenesiniň  bilinden aşagy Güne solupdyr. Göwşülläpdir. Sary gaçypdyr. Asyl ap-ak bolup dur diýýä. Galan ýeri welin mizemändirem. Edil täzeligindäki ýaly ýalpyldap durmuşyn. Eme çagasyna bolan yhlas gelniň ömrüni birnäçe güne çenli uzaldan bor-a çemeli, görgüli jan teslim edibilmän telim günläp çalajan ýatypdyr. Ýöne, entek doly tapdan düşmänkä süýrenjiräp özüni çöpüň içine atan bolmaly. Çagada näme, ara-çola enesini emip oňandyr-da. Şol adam baranda gelniň endamy buzgarakesege dönen ekeni. Çaga welin şonda-da sokjap ýatyr diýýä. Ol adam gelni jaýlap, çaganam alyp gaýdypdyr. Töwerek-daşda başga-da iki-ýeke jeset bar ekeni, ýöne, olaryň golaýyna-da barar ýaly däl diýýä. Elbetde, erbet keselleriň tutaşmazlygy üçin hökümet howul-hararak hem bolsa öz soldatlaryna ýogalanlaryň meýitlerini hatda ölen mallara çenli ýere duwladypdyr, ýöne, meýidem, mallaryň maslyklaram çöpläp çykardan juda kändi ahyry.

– Howwa-da... Onsoňam bosgunlaryň ýaýrawam giňdi-dä...– diýip, ýaşulynyň beren gürrüňiniň täsirinden çykybilmän agyr oýa batyp, oturan Oglanhakyda başyny ýaýkap, ýadaw halda seslendi. – Janhowuljyna özüni çete çekýänem, gaçyp-tezip has oýmurrak ýerlere atýanam ýok däldi. O gelniňem şolar ýalynyň biri bolaýmagy ahmal...

– Mümkin. Garas-aý, şo zeýilli zadyň üstünden bardym, diýip şol adam şonda gürrüň-ä berdi. Şojagaz çaga-da oglanjyk ekeni. Ol ony edil, öz çagasy ýaly saklapdyr, ösdürip ulaldypdyr. «Hudaýa şükür, şol oglan şu wagt gol doly maşgalanyň eýesi bolup otyr, maňa dagy öz kakasy däldirin öýdenok” diýdi, diýip, Halnepes aga sözüniň soňunda endigine görä ýene bir gezek hoşroý  ýylgyrdy...

Şol gürüňçilikde Oglanhakyda özüni otuz ýyl gowrak wagt bäri biynjalyk edip gelýän bir soragy bermän durup bilmedi.

– Men Owganystandakamam, soň Sibirde bolan döwürlerimdenem şu hakda kän pikir edip gezdim. Ýagny, şol gezek serhede tarap bosup barýarkak düýeler, sygyrlar, goýunlar-a gidip baryşlaryna tapdyklaryndan çöp-çalam iýip oňýadylar

welin, atlara berer ýaly otam ýokdy, otladara maý hem ýokdy. Olaram edil adamlar ýaly uruşýardylar, dönüp-dönüp söweşýärdiler. Siz ine, şolara näme berýärdiňiz?

Ýaşuly göz astyndan Oglanhakyda tarap biparh garap ep-esli oturdy-da, basyk, ýadaw ses bilen:

– Öz iýjek gowurgalarymyzy berýädik – diýdi.

...Halnepes aga şol günüň ertesem guýuda boldy-da, birigüni ir bilen ýolagçy maşynlaryň birine münüp oba gitdi. Ýöne, ol şondan soňam Hakguýa kän geldi. Özem öňkülerine görä has ýygy-ýygydan geldi. Muny Oglanhakyda ýaşulynyň öz ogly aýtdy. "Seň bilen tanşaly bäri kakam gelmesini ýygjamlatdy", diýdi.

Bir günem o bende ýurduny täzeledi. Ýöne, nesibesi çekip aýdyp beren gürrüňi welin, Oglanhakydanyň Hakyda kitabynda galdy.

## 26. Täze öwüşgin.

...Wagt geçdi. Oglanhakyda bir kem ýetmiş ýaşady. Şol ýylam ýurt başyna SSSR-iň ilkinji hem iň soňky Prezidenti Mihail Sergeýewiç Gorbaçew geçdi. Ol ilkinji bolup, Sowet soýuzynda aç-açanlygy, demokratiýany yglan etdi. Ýurtda üýtgedip gurmak döwri başlandy. Dürli pikirlilige ýol açyldy. Köp partiýalylyk ulgamy emele geldi. Ozal gadagançylyga düşen, hatda daşary ýurtlara giden ýa kowulan ýazyjylara şahyrlara çenli ak meýdana getirildi. Onlarça ýyl bäri tussaglykda ýatan kitaplar çap edildi. Taryha täzeden, dogruçyl çemeleşmek baradaky pikir orta atyldy. Gazawat, Gökdepe, Garrygala, Mary, Sarahs söweşlerine we başga-da öňli-soňly bolup geçen pajygaly wakalaryň ählisine hakyktçyl baha berildi. Şol uruşlarda şehit bolanlary hatyralap, ýurtda "Hatyra güni" bellenildi. Olaryň hemmesine "halk gahrymanlary" diýlip hasaplamaklyk karar edildi. Sowet häkimiýetiniň, onuň başynda duran Leniniň, Staliniň eden işlerine täzeden seredildi. Nyrh kesildi. Halnepes aganyň aýdyşy ýaly çaň ýasyp ýatan ençeme taryhy hem edebi kitaplar bilen bir hatarada Oglanhakydanyň ýazan hakydasy hem halka ýetirildi. Oguz handan başlap "Ýeroýlanduz" nalasyna çenli möwriti öz içine alýan Hakyda kitaby halkyň aňyna täze bir röwüş çaýdy. Kitabyň sözbaşysyna Hakyda mollanyň, Enehakydanyň, Umydyp, Arzuwyň, Oglanhakydanyň atlaryny saldylar. Olaryň hatyrasyna minnetdarlyk sözlerini aýtdylar.

Şeýdip, Hakyda halka ýetirildi. Okuw kitaplaryna girizildi. Hakydasyny bolşy ýaly öwrenmäge halkda mümkinçilik döredildi. Taryhyň keşbi öz bolmaly derejesine çenli dogruçyl dikeldildi. Oglanhakyda ýaly otuzynjy ýyllarda Staliniň repressiw syýasatynyň çoçgaryna çolaşyp, ömürleriniň köp bölegini lagerleriň çekip-çydap

bolmajak agyr şertlerinde geçiren adamlaryň ählisi, öli-diri diýmän uçdantutma aklanyldy.

1985-nji ýylda dörän demokratiýanyň zarbyna yraň atan SSSR 1991-nji ýylyň güýzünde dargady. Gorbaçýowyň kürsüsine göz diken Ýelsiniň başda durmagynda emele gelen çemeçiller topary öz beren demokratiýasyny ulanmak arkaly ony ýurt başyndan çetleşdirdiler. Netijede, Orsyýet, Ukraina, Belorus ýaly kerweniň öňüni çekip gelýän respublikalar özlerinden yzdaky wagonlary hiç kimden soraşmazdan tirkegden aýyrdylar-da, "siz sag, biz salamat" diýşip, gykuwlaşdylar ötägitdiler.

Şeýlelikde, kiçijik kürsüniň hatyrasyna ullakan döwlet dargadyldy. SSSR ýok boldy. Türkmen halkynyň başyndan towky bolup inen baknalyk ahyrsoňunda şeýdip, öz-özünden tamam boldy.

Ýöne, on dokuzynjy asyryň ikinji ýarymynda, ak patyşanyň Gazawatdaky, Gökdepedäki eden gyrgynçylyklary üçin, sowet hökümediniň Ýeroýlanduzda we rewolýusiýanyň ady bilen başga-da ençeme ýerlerdäki eden ýykgynçylyklary, sütemdir-zorluklary üçin, halkyň hakydasynyň ýoýlup, düýbünden ters ýola gönükdirilendigi üçin hiç kim hiç kimden ötünç soramady. Gaýtam: «Biz ýetmiş ýyllap şonça respublikalary eklemeli, saklamaly, ylym-bilim bermeli, terbiýelemeli bolduk, Hudaýa şükür indi şol aýakbagylardan dyndyk" diýşip merkezdäkileriň özleri ezilenlerden beter dat etdiler. Şeýlelik bilen, kimiň jepalar çekip, kimiň pidalar berendigi, kimiň bolsa sütem edendigi, gelende boş gelip gidende ýüküni tutup, ýerli halky gedaý galdyryp gidendigi ýene-de belli bolman galdy.

Elbetde, birwagtlar Enehakydanyň ýigitleriň öňünde bagryny paralap aýdyşy ýaly bu hemişe-de şeýledi, şol gezegem şeýle boldy. Ýöne, mundan bu ýana bir beýle bolmasyn. Çünki, hakydanyň şaýatlyk etmegine görä, güýçli halk ejiz halkyň üstüne islän wagty sürnüp gelýär, gyrýar basyp alýar, ony gul edinýär, aga bolýar, höküm sürýär, ezýär, geregini edinýär, islän wagtam taşlaýar gidiberýär. Çünki, şondan soň onuň oňa geregi ýok. Ýeňijilere, güýçlülere bolsa sud edilmeýär. Jogapkärçilige çekilmeýär. Olaryň şol wagtky aýdýan zatlaram dogry, öňki aýdanlaram, indiki aýtjaklaram dogry. Edýän işleri, hereketleri babatda-da şeýle. Çünki, "Agzy gyşygam bolsa baýyň ogly geplemeli". Depesinden urup dursalaram garamaýaga: "Boýun oňurgam agyrýa ýa kelleçanagym çat açýa" diýmek bolanok. Ol diňe çakdanaşa çydamlylyk görkezen ýagdaýynda gowy görülýär.

Ýöne, herki zat, "bähbit bolsun" diýleni. Nähili matlap, nähili maksat bilen edilenem bolsa, SSSR-iň dargamagy dünýä syýasaty möçberinde alanyňda-da, gowulyga tarap ädilen edim boldy. Onuň düzümine giren respublikalaryň hemmesi, şol sanda Türkmenistan respublikasy hem özbaşdak döwlete öwrüldi. Türkmen halky iňňän köp garaşan arzuwyna ýetdi, garazsyzlyga eýe boldy. Hakyda mollanyň, Enehakydanyň, Ruhy batyryň, Umydyň, Arzuwyň,

Oglanhakydanyň umuman alanyňda ýeňilmedikleriň ählisiniň: “Ol gün geler” diýip, uzak wagtlap, umyt bilen garaşan günleri geldi, Oglanhakydanyň Sibirdäki dostlarynyň aýdanlary boldy. Halkyna Allanyň adyny kiçi harp bilen ýazdyran sowet hökümedi özüniň ýetmiş ýyllap höküm süren kommunistik ideýasy bilen bilelikde adamlaryň başyndan sowuldy.

Şol zatlar baradaky habarlaram, ondan soňky we öňki habarlaram bütin dünýä ýaýraýşy ýaly, Hakguýa hem ýyldyrym çaltlygynda gelip ýetýär. Çünki, ol indi öňküsi ýaly daşky dünýäden negada bir habar gelýän, ilatly ýerden üzňe, çola guýy däl. Hatda, altmyşynjy ýyllardakysy ýalam däl. Ol indi güýçli tok bilen elektrikleşdirilen, hojalyklary dünýäden habar berip duran çanak antennalary bolan, telewizorly, radioly, şeýle hem göni köçelerde seteran oturan, üsti şiferlenen döwrebap ýaşaýyş jaýlary, on ýyllyk mekdebi, kluby we başga-da kitaphana, sport zaly diýen ýaly birnäçe medeni ojaklary bolan, dünýäniň ähli künjeklerinden günüň-gününe içi täze habarlardan, geň-taň täzeliklerden doly gazaetdir-žurnallary alyp oturan, “Watan” atly ýurda belli ullakan oba. Has takygy kiçiräk şäher. Şäherçe.

Onda ýaşaýanlaryň hemmesi ýeňilmedikleriň nesilleri. Molahakyda hem-de Enehakyda atly iki çagany ösdürip kemala getiren Oglanhakyda hem şolaryň biri. Uly il bilen bilelikde ol hem indi erkinligiň hözürini görüp ýör. Mahal-mahal, hususanam “Ýeroýlanduz” çöketligindäki gyrgynçylygyň bolan günlerine gabatlap, hem ata-enesiniň hem şol ýerde heläk bolanlaryň, hemmesiniň şeýle hem iki gezek bolup geçen Gökdepe söweşinde gurban bolanlaryň, enesi Enehakydanyň aýdyşy ýaly ýere gaçan ýyldyzlaryň hatyrasyna uly sadaka berýär. Her gezek namazdan, töwürden soň olaryň jaýlarynyň jennetden bolmagyny dileýär. Agşamlaryna heniz gatlaryndan ysam gitmedik Hakyda kitabyny elinde saklap, sahypalaryny agraslyk bilen agdaryşdyryp otурşyna şol kitabyň dowamynyň nahili boljakdygy barada oýlanýar. Her niçik bolsa-da, kim tarapyndan ýazylsa-da, onuň mundan buýana beýle gussaly, ganly, gowgaly hem pajygaly bolmazlygyny, nalasyz, ölüm-ýitimsiz, gyrgynçylyksyz, has takygy gyzyksyz bolmagyny isleýär. Çünki, akylly-başly adamlaryň aýtmaklaryna görä, haýsy halkyň taryhy gyzyksyz bolsa, şol halk şonça-da bagtly hasap edilýär.

*Soňy*

*2008-2010 ýý.*